# OSMAN ÖDÄÝEW



# ALTYNJAN HATYN

*Roman*

Birinji jilt

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 894. 361
Ö 16

**Ödäýew Osman**.
Ö 16 Altynjan hatyn. /Roman/. Birinji jilt. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

„Altynjan hatyn“ romany XI asyrda beýik şadöwlet döreden, adalaty, yslamy goramakda Gündogarda dabarasy dag aşan Togrul beg hem onuň ýakynlary hakda söhbet açýar.

Altynjan hatyn Togrul begiň hatynydyr. Awtor Altynjanyň durmuş ýolunyň, başdan geçirmeleriniň üsti bilen Togrul begiň hem onuň ýakynlarynyň keşplerini açyp görkezýär.

Romanda dartgynly, adaty bolmadyk wakalar teswirlenýär. Şol wakalar gahrymanlaryň keşplerini has inçeden açyp görkezmäge hyzmat edýär. Romandaky dartgynly wakalar göz öňünde janlanýar, seni özüne bendi eýleýär. Gahrymanlaryň başdangeçirmeleri, beýik gahrymançylyklary hakda okap, ilkinji gezek edebi dolanyşyga giren birgiden taryhy maglumatlar bilen tanyşýarsyň, şeýle hem türkmen halkynyň şöhratly, gahrymançylykly taryhynyň bolandygyna, onda merdana pederlerimiziň öçmejek yz galdyrandygyna guwanýarsyň, romandaky taryhy şahsyýetleriň belent ahlaklylygy, deňsiz-taýsyz gaýduwsyzlygy, mertligi, wepalylygy türkmendigiňe buýsanjyňy goşalandyrýar, şeýle ajaýyp şahsyýetler durmuşyňa nur-many çaýýar.

TDKP № 237 2012 KBK 84 Tür 7

© O. Ödäýew, 2012.

**ŞÖHRATLY TÜRKMEN TARYHYNYŇ ÇEPER KEŞBI**



Soňky ýyllarda edebiýatymyz hormatly Prezidentimiziň goldawy, hemaýaty bilen barha kämilleşmek ýolunda. Geçen döwür içinde birnäçe kyssa hem şygryýet eserleri çap edildi, halk köpçüligine hödürlendi. Ol eserlerde kämilleşmek, bagtyýarlyk äşgär duýulýar. Men bu kämilleşmäni diňe bir romanyň – ýazyjy Osman Ödäýewiň “Altynjan hatyn” atly trilogiýasynyň mysalynda açyp görkezmek isleýärin.

Romanyň çeperçiligi, täze-täze keşpler toplumy, taryhy täzelikleri barada köp gürrüň edip boljak. Çünki romanda entek şu güne çenli çeper dolanyşyga girmedik täze taryhy maglumatlar, täzeçe garaýyşlar, del pikirler, pähimler, adalgalar, düşünjeler, sözler kän.

Romanyň esasy aýratynlyklary hökmünde men turuwbaşdan şu aşakdakylary nygtamak isleýärin:

– türkmen edebiýatynda täze, özboluşly keşpleriň ençemesiniň döredilenligi;
– dil çeperçiligi, sünnäligi;
– del pikire, filosofiki oýlanmalara baýlygy;
– beýan edýän döwrüne beletligi;
– edebiýatda öz ýoluny döredenligi;
– taryha täzeçe garaýyş.

Meniň bu nygtan pikirlerimiň her biri barada aýratyn söhbet etsem gerek, ýöne bu gezekki söhbedim ýazyjynyň romanyndaky nygtan alty aýratynlygymyň iň soňkusy – taryha täzeçe garaýşy hakda.

Men ýazyjynyň taryha täzeçe çemeleşişi, taryhy wakalary logiki yzarlap, olardan dogry, ynandyryjy netijeleri çykaryşy – taryhyň müň bir sowally ýazuw boşluklaryny dolduryşy hakda öz pikirimi buýsanç bilen aýtmakçy. Çünki kalbyňy heýjana salýan duýgulardyr pikirler hakda ýazmak ruhy goldaw, ruhy hörek berýär. Elbetde, ýazyjynyň türkmen edebiýatyna getiren täzelikleri hakda has düýpli gürrüň etmek zerur, ýöne muňa mümkinçiligiň çäklidigini göz öňünde tutup, men Osman Ödäýewiň “Altynjan hatyn” atly romanynda taryhy maglumatlara täzeçe çemeleşişi we çykaran netijeleri, oýlanmalary barada gysgaça söhbet etmegi müwessa bildim, men bu babatda häzirlikçe diňe ýedi sany pikiri aýdyp çäklenmekçi.

**1.**

Meniň birinji aýtmakçy pikirim XI asyrda beýik seljuk türkmenleri diýen şadöwleti döreden Muhammet Togrul begiň keşbiniň Görogly begdigi hakdaky täze pikirdir.

Türkmeniň milli taryhynyň şöhratly sahypasy bolup durýan Seljuk türkmenleriniň döwletini esaslandyran beýik Soltan Muhammet Togrul beg hakyndaky epos “Görogly” ady bilen meşhurlyga eýe boldy.

Muhammet Togrul beg türkmen halky üçin beýik hyzmatlar bitiren görnükli şahsyýet. Bu şahsyýet türkmen taryhynyň üçünji eýýamynda türkmeniň iň beýik döwletleriniň birini esaslandyrdy. Şeýle taryhy

hyzmaty eden merdana ogluny türkmen halky ýatdan çykaryp biljek däldi. Şonuň üçin hem oňa bagyşlap şadessan döreden halk bu esere Togrul begiň şahsyýetiniň köp taraplaryny siňdirdi. Bu gün Görogly bilen Togrulyň şahsyýetini deňeşdirip, gaty köp umumylyklary tapyp bolar.

Birinjiden, ikisi hem bir menzil-mekanda – Balkan daglarynyň eteklerinde, Uzboýuň aşaky akymlarynda kemala geldiler.

Ikinjiden, olaryň ikisi hem asyl gelip çykyşy boýunça begdir, batyr ogullarydyr.

Üçünjiden, olaryň ikisiniň hem kakalary juda ir ýogaldy.

Dördünjiden, olaryň atalarynyň ykballary meňzeşdi.

Bäşinjiden, Togrul hem, Görogly hem atasynyň elinde terbiýelendi.

Altynjydan, olaryň ikisi hem serkerdedir we soltandyr.

Ýedinjiden, olaryň ikisi hem perzentsizligiň dagyny çekipdir.

Sekizinjiden, Göroglynyň Agaýunusa, Togrul begiň Altynjana öýlenişi gaty meňzeşdir.

Dokuzynjydan, Agaýunus hem, Altynjan hem ýanýoldaşlarynyň iň ýakyn maslahatçylarydyr, ikisi hem ýurdy edara etmek işine gatnaşýandyrlar.

Onunjydan, Togrul beg Alparslany, Görogly beg Öwezi ogullyga alýandyr.

On birinjiden, Agaýunusyň, Altynjanyň pendine gulak gabartmadyk gezekleri Görogly beg, Togrul beg ýeňlişe sezewar bolýarlar, ýalňyşýarlar, soňundan puşman edýärler...

Bu sanawy ýigrimä-de, ýüze-de ýetirse bolar, ondan-da köp delil tapyp bolar, ýöne subut edilen hakykaty subut etmegiň näme zerurlygy bar?!

Elbetde, taryhy ösüşiň dowamynda “Görogly” eposy çeper eser hökmünde köp üýtgeşmelere sezewar bolupdyr. Soňky nesiller Görogla öz döwrüniň aýratynlyklaryny siňdiripdirler. Emma şoňa garamazdan, Göroglynyň esasynyň Togrul begdigi taryhy maglumatlardan äşgär görnüp duran hakykatdyr. Bu hakykat romanda edebi dolanyşyga getirilipdir.

Biz Göroglyny edebi gahryman däl-de, türkmeniň üçünji orta asyrlar eýýamynyň şahsyýet görnüşi hökmünde görýäris. Şonda ol tutuş eýýamyň ruhuny özünde saklaýan umumylaşdyryjy şahsyýete öwrülýär. Beýle şahsyýet bolsa bize şol döwrüň taryhy ruhuna aralaşmaga, ony tutuş milli taryhyň bir eýýamy hökmünde aňlamaga, türkmeniň geçmişini bilmäge mümkinçilik berýär.

Romanda Altynjanyň hereketleri, oý-pikirleri Agaýunus periniňkiden görnetin hakyky, görnetin parhly, söweşjeň, durmuşy. Ol parhlylyk, söweşjeňlik, durmuşylyk Altynjanyň oý-pikirleriniň, gaýduwsyzlygynyň, batyrlygynyň, alyp baran söweşleriniň geriminiň buýsandyryjylygyndadyr. Adamsynyň başyna agyr iş düşende Altynjan hatyn ägirt uly güýje, gaýduwsyzlyga öwrülýär, aňyndan ölüm gorkusy aýrylýar. Altynjanyň maksada okgunlylygy, gaýduwsyzlygy okyjyda guwanç hem buýsanç duýgusyny döredýär. Altynjanda türkmeniň mertligi, batyrlygy, gaýduwsyzlygy dartgynly, tolgundyryjy wakalaryň üsti bilen açylyp görkezilýär.

Ýeri gelende aýtsam, Altynjan hatynyň keşbi türkmen edebiýatynda täzelikdir, täze keşpdir, hemme taraplaýyn açylyp görkezilen bitewi bir gahryman keşbidir.

**2.**

Ikinji nygtamakçy pikirim Soltan Mahmyt Gaznaly bilen baglanyşykly. XI asyrda, ondan soňraky döwürlerde, şeýle hem häzirki döwürde ýazylan taryhy kitaplarda Ysraýyl ibn Seljugyň Hindistandan iberen habaryna esaslanylýar. Ol habarda: “Eý, seljuklylar, Mahmyt Gaznaly asylsyz, onuň aňyrsy gul, seljuklylar bolsa begzada neberesi. Soltan Mahmyt Gaznaly patyşa bolmaga mynasyp däl. Siz iň soňky demiňize çenli oňa garşy söweşiň, şonda siz hökman ony ýeňersiňiz” diýilýär. Ýazyjy Osman Ödäýew hiç hili taryhy özeni bolmadyk bu maglumaty esassyz hasaplaýar. Bu garaýşyň nädogrudygyny subut etmek üçin köp sanly taryhy kitaplara salgylanýar.

Awtor Söbükteginiň ogly Mahmyda niýetläp ýazan, öz şejeresini giňişleýin beýan edýän “Pentnama” kitabyndan başga-da, köp sanly taryhy çeşmelere salgylanýar. Ýazyjy çykgytda haýsy taryhy çeşmä salgylanýandygyny takyk ýazypdyr. Taryhy anyklyk, takyklyk eseriň gadyr-gymmatyny has-da artdyrýar.

Romanda peýdalanylan ähli taryhy çeşmeleri men sanap çykjak bolmaýyn, olaryň köplügini romany okan okyjylar görerler.

Ine, Soltan Mahmyt Gaznalynyň asly barada romanda nygtalýan pikir: Oguz hanyň kada-kanuny boýunça onuň birinji hatynyndan doglan üç oglunyň – Gün hanyň, Aý hanyň, Ýyldyz hanyň nebereleri patyşa bolmaly; ikinji hatynyndan bolan üç oglunyň – Gök (toprak) hanyň, Deňiz hanyň, Dag hanyň neberesi patyşanyň hyzmatyny etmeli, özem her bir neberäniň etmeli işi öňünden jikme-jik kesgitlenilen.

Şu nukdaýnazardan aýtsak, kynyklaryň neberesi (seljuklylar) patyşanyň hyzmatynda bolmaly. Has takygy, olar şalygyň serhetleriniň goragynda durmaly. Sebäbi seljuklylar Oguz hanyň körpe ogly Deňiz hanyň neberesi. Başgaça aýdylanda, Kynyk – Oguz hanyň iň körpe, iň soňky, ýigrimi dördünji agtygy, Deňiz hanyň körpe ogly.

Soltan Mahmyt Gaznaly bolsa Oguz hanyň birinji Gün han oglunyň neberesi. Özem Gün hanyň birinji ogly Gaýalardan. Oguz hanyň agtyklary Gaýadan başlanýar. Gaýalar şalyk sürmeli.

Oguz hanyň bu kanuny boýunça Soltan Mahmyt Gaznaly patyşalyk edýär. Özem ol bu Oguz han kanuny 1038-nji ýyla çenli saklanylýar. Oguz han kanuny boýunça gaýalara gulluk etmeli kynyklar ata-baba gelýän kanuna garşy gitmeli bolýarlar. Başda seljuklylarda tagta geçmek pikiri ýok. Olaryň esasy pikiri Oguz han düzgünini berjaý etmek, gaýa neberesiniň – Soltan Mahmyt Gaznalynyň şalygynyň serhetlerini ygtybarly goramak we bu hyzmaty üçin patyşadan ýalkaw görmek.

Bu şeýle hem bolýar.

Seljuklylar soltanyň hyzmatynda durup köp ýeňişleri gazanýarlar, soltanyň ýalkawyna mynasyp bolýarlar.

Iki tarap biri-birinden razy, hoşal. Onda bu düýpli öwrülişik, gahar-gazap nireden peýda boldy? Seljuklylaryň tagt üçin ata çykmaklarynyň aňyrsynda Soltan Mahmyt Gaznalynyň beg neberesinden däldigi hakdaky galp maglumat bilen Masudyň emelsizligi ýatyrmy?

Bu sowala “Altynjan hatyn” örän esasly, düýpli jogap berýär.

**3.**

Seljuk ýabgusy Ysraýyl üç ýüz atlysy bilen Soltan Mahmyt Gaznalynyň ýanyna görme-görşe gelýär. Soltan ony mynasyp garşylap:

– Eger bize kömek gerek bolaýsa, näçe ýygyn berip bilersiňiz? – diýip, Ysraýyldan soraýar.

Ysraýyl sagdagyndan bir oky çykaryp:

– Şu oky ýollasaňyz, Balkandan otuz müň atly goşun geler – diýipdir.

– Eger köpräk gerek bolsa?

– Onda şu oky ýollasaňyz, ýene on müň atly-ýaragly ýigit geler.

– Eger has köpräk goşun gerek bolsa?

– Şu oky Balkan daglaryna iberseňiz, ýüz müň atly goşun geler.

– Has köp goşun gerek bolaýdy-da?

– Şuny Türkmen diýaryna iberseňiz, bäş ýüz müň atly goşun diýseň-de geler – diýip, Ysraýyl başga bir ok berýär”.

Soltan Mahmyt Gaznaly bilen seljuk jemagatynyň ýabgusy Ysraýyl (Arslan han) bilen bolup geçen bu duşuşyk taryhy kitaplaryň galabasynda gabat gelýär, sözme-söz gaýtalanýar, ýöne olaryň hiç birinde hem bu duşuşygyň aňyrsynda ýatan hakykat açylyp görkezilmeýär. Men “bu duşuşygyň aňyrsynda ýatan hakykat” diýenimde, nämeleri göz öňünde tutýaryn?!

Näme üçin Orta Aziýada ýeke-täk kuwwatly şalygyň Soltany Mahmyt Gaznaly Buharadan 18 kilometr (F. Sümer) uzaklykdaky Nur etrabynda ýaşaýan seljuk jemagatynyň kethudasyndan kömek soraýar?

Ol näme üçin kömegi Garahan döwletiniň hökümdary Gadyr handan ýa Ilek handan soranok? Geň gerek?

Geň, juda geň.

Şeýle seretseň, ynandyryjy hem däl. Sebäbi bir obanyň kethudasy nire, müňläp-müňläp atly goşuna ygtyýarly bolmak nire?

Beýle köp atly goşuny bolan kethuda näme üçin bir etrapda oňňut edip ýör?

Ysraýyl hanyň berip biljek goldawyny Gadyr han-da, Ilek han-da edip biljek däl. Ýogsam biri goldaw etse, olar etmeli.

Hawa, Ysraýyl bäş ýüz müň atly goşuny bir peýkam bilen getirip bilýän bolsa, onda ol Soltan Mahmyt Gaznalydan birjik-de asgyn däl.

Akylly-başly serkerde Soltanyň ýanynda bäş ýüz müň atly güýjüniň bardygyny gizlemeli, ýöne Arslan han gizlänok. Näme üçin gizlänok? Näme üçin aç-açan aýdýar? Şeýle uly goşuna ygtyýarly kişi özüne abanjak howpy bilmezmi?! Beýle köp güýji bolan kethuda näme üçin özbaşdak döwlet döretmeýär?! Näme üçin ol Soltanyň ýanyna barýar?! Beýle köp güýji bar bolsa, onuň ýanyna Soltan barmaly. Kömek bermek üçin çagyrylmaýar, kömek soramak üçin boýun burup barylýar.

Taryhy kitaplarda bu näme üçinlere jogap ýok, ýazyjy Osman Ödäýew ilkinji gezek şol hikmetli duşuşygyň uşlybyny logiki taýdan yzarlaýar.

Ýazyjy taryhy kitaplardaky maglumatlary içgin öwrenipdir, netijede täze açyşyň üstünden barypdyr.

**4.**




Dördünji täzelik reňkler bilen baglanyşykly. Awtoryň nygtaýşy ýaly, "Her bir täzelik wagtyň geçmegi bilen könelişen täzelikdir". Bu durmuş kanuny. Biz wagtyň geçmegi bilen käbir zatlary unudýarys, käbir unudan zadymyzy täzeden, täzelik hökmünde peýdalanmaga girişýäris.

Reňkler babatda-da şeýledir: Oguz han özüniň ogullaryna, agtyklaryna oňondyr nyşan bilen bir hatarda reňk hem paýlap beripdir. Oguz hanyň agtyklaryna paýlap beren reňkleri dokuz sanydyr. Mysal üçin, Gaýa, Baýada, Alaöýlä, Garaöýlä gara reňk beripdir, şeýle hem olara eşikleriniň, münýän atlarynyň hem gara reňkde bolmalydygyny wesýet edipdir. Oguz han Owşara ak reňkdäki at münmegi, şeýle hem ak eşik geýmegi, Igdire, Begdilä, Ýiwa, Kynyga al at (has dogrusy, dor at) münmegi, al reňkde geýinmegi wesýet edipdir. Oguz hanyň bu sargydy diňe bir XI asyrda, Togrul begiň döwründe däl, eýsem XIII asyrda – Jelaleddin Meňburnuň döwründe-de berk saklanypdyr. Muňa Jelaleddin Meňburnuň kätibi Muhammet Nesewiniň "Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany" atly meşhur kitabynda hem duş gelmek bolýar. Onda şeýle setirler bar: "Bellenilen gün soltan goşunyny söweş nyzamyna düzdi. Goşunyň merkezi diňe gara atly, gara geýnen ýigitlerdendi, sag ganat dagyň sili ýaly uçganaklap duran ak atly, ak geýnen nökerlerdendi, çep ganaty bolsa mele atly, mele geýnen nökerlerden ybaratdy" (254 sah.).

Eýsem, mele reňkli geýnenler we atlylar Oguz hanyň haýsy agtygynyň neberesi?!

Gysgaça aýtsam, Oguz han mele reňki agtyklary Ýazara, Dügere, Dodurga, Ýaparla berýär.

Şu ýerde möhüm bir täzeligi hem nygtamakçy: ol türkmen halysynyň Oguz hanyň elipbiýiligidir. Halydaky dokuz reňk Oguz hanyň agtyklaryna beren reňkleri bolmaly. Türkmen halysy – Oguz hanyň agtyklaryna beren dokuz reňki esasynda döräpdir. Ine, "Altynjan hatyn" romanynyň pikir ýaýrawynyň çuňluklary, maňyz-mazmuny nirelerde köwsar urýar!

Halynyň düşegi näme üçin gyzyl? Onuň sebäbini ýazyjy örän aýdyň düşündirýär: Oguz han özüniň zemin ogly bolan Gök (toprak) hana gyzyl reňki beripdir. Gyzyl reňk Gök hany – ene ýerimizi, topragymyzy alamatlandyrýar.

Elbetde, Oguz hanyň dokuz reňki hakda, halylarymyzyň many-mazmuny, hikmeti hakda "Altynjan hatyn" trilogiýasynyň esasynda köp gürrüň etse boljak. Ýöne ol başga bir makalanyň söhbedi.

**5.**

Meniň bäşinji nygtamak islän pikirim oguz goşun düzümi hem düzgüni bilen baglanyşykly.

"Altynjan hatyn" romanynyň ikinji kitabynyň on ikinji hekaýaty "Bürgüt hüjümi" atlandyrylýar, onda Togrul begiň goşuny, onuň hem-de Altynjan hatynyň harby ussatlygy hakda söhbet açylýar.

Her döwrüň öz aýratynlygy bolýar. Oguz han döwründen başlap, eždatlarymyzyň durmuşynda üç düşünje – halk, goşun, döwlet biri-birine barabar derejede bolupdyr, çünki bu üçlük ýaşaýyş usuly hasaplanypdyr. Goşun, esgerlik berk nyzamly bolupdyr. Elbetde, goşunyň kämil, berk nyzamly bolmasa, ýedi yklyma hökümdar bolmak başartmaz.

Ýazyjynyň gürrüňini edýän hekaýatymyza “Bürgüt hüjümi” diýmesiniň hikmeti oguz goşunynyň bürgüt şekilli düzümden ybarat bolanlygy üçindir.

Goşun edil bürgüt ýaly bolup düzülýär, bürgüt ýaly bolup hüjüm edýär.

Ganatlaryny ýaýyp uçup barýan bürgüdi göz öňüne getiriň.

Oguz goşuny şol ganatyny ýaýyp uçup barýan bürgüdiň üç synasynyň esasynda düzülýär.

Sag ganat (meýmene); sol ganat (meýsere); baş merkez (kalp).

Sag ganat – içoguz, bozuk; sol ganat – daşoguz, üçok.

Sag ganata – bozoka Gün hanyň, Aý hanyň, Ýyldyz hanyň; sol ganata – üçoka Gök hanyň, Dag hanyň, Deňiz hanyň neberesi girýär. Başda, merkezde (bürgüdiň kellesi) jylawdar (awangard) goşun durýar.

Söweşe patyşa, soltan ýolbaşçylyk edýär.

Söweşde esasy agram merkeze, jylawdar goşuna hem-de sag ganata düşýär. Sol ganat, ätiýaçlyk (rezerw) goşuny, olar, esasan, üpjünçilik bilen meşgullanýarlar.

Sag ganatda atly goşun ýerleşýär.

Başdaky jylawdar goşun bilen sag ganatdaky atly goşun saýlama, harby tälim öwredilen sagdyn esgerlerden ybarat bolýar.

Goşun onluklar esasynda düzülýär.

Goşunda birnäçe bölümler bolýar: aňtawul bölümi; garawul bölümi; ýerawul bölümi; ýasawul bölümi; ýiglewük ýa-da ökje; pygtarma, bekewül bölümleri. Bu bölümleriň her biriniň etmeli wezipeleri anyk kesgitlenen.

Romanyň soňundan berlen düşündirişde goşun üçin salynýan salgytlaryň pusum-u-maram; abaçiz, alaf, kisam, taufir, hukuky maragy, jizýe, ähli zimmet, nal baha we beýleki görnüşleri; bundarlar, masyllar (salgyt ýygnaýan gullukçylar); amiller (paç ýygnaýjylar); jöwşen (simden ýasalan gadymy uruş geýimi), sowut, tuwulga (söweşde başa geýilýän, bürünçden ýasalan başgap), çaraýna (söweşde ok geçmezligi üçin gursakdan we arkadan asylýan ýasy gural); goşun çinleri; köşk nökerleriniň mufrat, haşym diýlip atlandyrylmasynyň sebäbi hakda gysgadan takyk ýazylypdyr. Oguz harby düzgün-nyzamy türkmen edebiýatynda şeýle takyk, şeýle düýpli görnüşde ilkinji gezek edebi dolanyşyga girizilýär. Bu düşündirişlerde türkmen harby taryhyny öwrenýänler, giň okyjylar köpçüligi üçin örän gymmatly maglumatlar köp.

Altynjan hatyn we Togrul beg haýsy sebite barsa bürgüt al asmanda olaryň öňüne düşüp ýör. Togrul begiň, şeýle hem Altynjan hatynyň berk ynanjyna görä, bürgüt öňden görnende olaryň ýörişleri mydama ýeňişli bolýar.

Ýazyjy bürgüt sözüniň “ber gut” (bagt) diýen iki sözüň birleşmesinden dörändigini nygtaýar we şunuň bilen baglanyşyklylykda türkmenlerde unudylan Gün guşundan bagt dileniş däbini jana getirýär.

Altynjan asmanda pelpelläp duran bürgüde seredip: “Eý, ber gut, ber gut!” diýip gygyrýar. Romanda bürgütden bagt dileniş däbi täsirli beýän edilipdir.

Bürgüt romanyň başyndan ahyryna çenli uçup ýör. Ol mahal-mahal ýatlanylýar.

Bürgüt – romanda göçme manyda getirilýär.

Bürgüt – bagt.

Bürgüt Görogly beg eýýämynyň oňony.

**6.**

Romanyň ikinji kitabynyň on altynjy hekaýaty «Talaň saçagy» atlandyrylýar. Gürrüň hem bu gün unudaňkyrlanan talaň saçagy hakda barýar.

«Adam pahyr hemişe öz paýyna düşeni az görýär, özgäniňkini özüniňkiden has köpdür öýdüp pikir edýär. Tas her bir ynsana mahsus bolan bu gylyk edil özge adam häsiýetleri ýaly, häkimlige täsir edýän zatlaryň biri. Häkimlik diňe bir adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň däl, eýsem, adamyň häsiýetiniň hem hadysasy şeýle. Islegler, niýetler, päller, hyýallar hem duýgular häkimlige gatnaşykda aýan bolýar, onuň ykbalyna oňat hem ýaramaz tarapdan täsir edip durýar. Gadymy oguzlar bu hakykata uly ähmiýet berip, adamlarynyň içki niýetleriniň, boluşlarynyň jemgyýetiň ýaşaýşyna edýän ýaramaz täsiriniň öňüni almak üçin «talaň saçagy» diýen dessury oýlap tapypdyrlar. Ýylyň bellibir gününde (nowruzda) patyşa öňünden yglan edip, öz öýüni adamlaryň ygtyýaryna berýär. Adamlar ol öýden öz alyp bilen zadyny alybermeli. Megerem, her gezekki talaň saçagyndan soň, adamlar-a öňküden rahat, patyşa bolsa öz häkimligine öňküden has ynamly bolýandyr. Sebäbi mähelläniň: «Maňa az ýetdi, maňa az ýetdi» diýip urýan ýüregi patyşanyň zadyndan özüne-de paý ýetensoň ynjalýandyr. Allatagala patyşa berýär, patyşa-da adamlara berýär. Şeýdip, Allanyň bermedigini adamlar patyşadan alýarlar. Ýürekleri ynjalyk tapýar, duýgulary köşeşýär. Talaň saçagy oguzlara halk bilen patyşalygyň biri-birine

düşünişýänliginiň, ynanyşýandygynyň alamaty, dessury bolupdy. Togrul beg bu däbi doly berjäý edýärdi. Raýatlaryň patyşadan öz paýyny alyp galmak islegi ýerine ýetenden soň, häkimligiň öňküdenem berkejekdigini ol oňat bilýärdi. Şonuň üçin her gezek talaň saçagyna ol öz patyşalygyny berkitmek işine taýýarlyk gören ýaly taýýarlanýardy. Altynjan bu işe Togruldanam işjeň, içgin hem gyzyklanma bilen taýýarlanýardy. Ol hem Togrul beg ýaly adamlara ýagşylyk etmekden çäksiz lezzet alýardy, zat berip, onuň deregine has uly zeruryýeti – ynamy alsaň, bu söwdada, heý, utdugyň bolmazmy?! Püçek berip, ýürege eýe bolmak akyllylykdan ahbetin!»

Öýüňi towsa götertmek, ýagmalatmak, netijede hiç zatsyz galmak – gaty agyr zat, onda-da aýal maşgala üçin.

Öýüň borram-boşamagyna yjaza bermek üçin, gör, nähili giňlik, gör, nähili sahawatlylyk gerek!

Ine, türkmeniň beýikligi!

Beýle dessuryň, bütin ömrüni ylma, bilime bagyş eden professor hökmünde, dünýäniň hiç bir halkynda ýokdugyna güwä geçip biljek. Togrul beg öz sahawatyny şeýle esaslandyrýar:

«– Eý, byradarlar, hany, aýdyň, Perwerdigär bir ýylyň dowamynda eçilen nygmatlaryny, baýlyklaryny bermänem – rysgal eçilmänem bilerdimi?

Seljuklylar bir demde jogap berdiler:

– Bilerdi.

– Rysgal eçilmedimi?

– Rysgal eçildi, Alla bizi ýalkady...

– Nahanlykda üstümize ýagy gönderip, ähli zadymyzy weýrana salyp bilerdimi?

– Bilerdi.

– Weýrana saldymy?

– Weýrana salmady, ýalkady»

Soň Togrul beg öýleriniň zatlaryny bir näkes ogra göterdip; sil-harasat gelip öýleriniň ýumrulyp; ýer goduklap, betbagtlygyň gelip; ýangyn zerarly ähli zatlaryň küle öwrülip biljekdigi, şol betbagtlyklaryň bolandygy ýa bolmandygy dogrusynda soraýar. Raýatlar ýangynyň bolmandygy, ýeriň goduklamandygy, nägehan ýagynyň üstlerine dökülmändigi, Allanyň ýalkandygy barada minnetdar bolýarlar.

Diýmek, patyşanyň öýi biderek boşanok, öz mähriban raýatlarynyň göwünleriniň joşy üçin boşaýar. Togrul beg bilen Altynjan hatyn muňa özleriniň razydyklaryny mälim edýärler.

Talaň saçagy – türkmeni türkmen edýän zatlaryň biridir.

Togrul begiň, Altynjanyň talaň saçagyndaky hereketlerinden, her bir sözünden olaryň içki dünýäleri ynandyryjy açylyp görkezilýär.

## 7.

Meniň ýedinji aýtmakçy pikirim «Altynjan hatyn» romanynyň ikinji kitabyndaky «Gylyç ýa kepen däbi» atly hekaýat bilen baglanyşykly. Has takygy, şol hekaýatda gürrüňi edilýän türkmeniň gylyç ýa kepen däbi bilen baglanyşykly.

Bu däp unudylan, täzeden edebi dolanyşyga girizilen däp.

Bu däbi ýazyjy gysgaça şeýle teswirleýär.

Ol dogan-garyndaşlaryň bilen hoşlaşmak, hatynlaryňa talak bermek, ölümiňi boýnuňa almak, egin-eşikleriňi taşlamak, ýuwunmak, mydama täretli bolmak, egniňe on alty gary biýzi dolamak we eliňe gylyç alyp, «Huw-Hak!» diýip, duşmanyň üstüne topulmak: ýa ölmeli ýa ýeňmeli!

Seljuklylar gaznalylaryň garşysyna gylyç ýa kepen däbine girip çykýarlar. Netijede ýeňiş gazanýarlar.

«Gylyç ýa kepen däbi» atly bölümde türkmeniň bu dessury, seljuklylaryň jemlenişip, bu ýola düşmek barada ähtleşişleri, Mäne babanyň pata berşi, bu däbe girilişi örän täsirli beýan edilipdir.

* * *

Döredijilikde, meniň pikirimçe, iki usul bar: birinjisi, gürrüň berme usulynda beýan etmek; ikinjisi, suratlandyrma, wakany töwerekleýin açyp görkezmek.

Meniň diýýän birinji usulym biziň dessanlarymyza, ertekilerimize mahsus. Ikinji usul romantizm, realizm bilen baglanyşykly dörän usul. Häzirki döwürde dünýä edebiýatynda meşhurlyk gazanýan, söýlüp okalýan eserler birinji gürrüň berme usulynda döredilen eserlerdir. Birinji usulyň öňe çykmagy kinonyň, telewideniýäniň ýok döwründe döredilen galyň-galyň çeper eserleriň möwritiniň geçenligindendir?! Belki-de, geçmişe küýsegdir.

Uly göwrümli eserler döredýän dördijilik ussatlarynyň öňünde okyjyny irizmän, ýadatman, gyzyklandyryp, hyjuwlandyryp, kitabyň birnäçe günüň dowamynda okalmagyny gazanmak wezipesi durýar.

Okyjyny ele almak, imrindirmek babatda ýazyjy Osman Ödäýewiň köp alada-yhlas edendigini romanyň ilkinji sahypasyndan başlap duýup bolýar. Eýsem, anyk gürrüň edenimizde ýazyjynyň okyjyny ele almak, romana imrindirmek babatda eden işleri nämelerden ybarat?

1. Dartgynlylyk romanda birinji sahypadan iň soňky sahypa çenli saklanýar. Okyjynyň “Indi nähili bolarka?”, “Yzy nähili bolarka?” diýip oýlanmagy, galpyldamagy üçin ýörite tilsimler edilipdir.

2. Romanda wakalardaky, iň esasy-da häsiýetlerdäki başdangeçirmeler ýiti gurnalypdyr.

3. Gahrymanlaryň häsiýetlerinde biziň şu günümize muwapyk bolan-u-bolmadyk aýratynlyklar köp.

4. Okyjylary gyzyklandyrjak geň-enaýy pikirler, adalgalar.

5. Romanda tebigat hem gözellik geň-taňlyklary bar.

Men ýazyjy Osman Ödäýewiň “Altynjan hatyn” romany döredijilikdäki usulyň birinjisi ýa-da ikinjisi boýunça döredilipdir diýip güwä geçip biljek däl, çünki onda döredijilik usullarynyň gezekleşip gelýän ýerleri az däl.

Eserler hil-hil bolýar, bir kitap seni arzuwlar ummanyna çümdürýär, biri seni durmuş hakda çuň oýlandyrýar, başga biri ruhlandyrýar, ýene biri gama batyrýar...

“Altynjan hatyn” romanyny okap çykanyňdan soň, Togrul begiň, Altynjanyň keşpleri, olaryň ýaşan döwri göz öňüňde janlanýar, şol ýaşaýşa gözüň gidýär, olaryň durmuşy, başdan geçirmeleri aňyňdan aňsat-aňsat aýrylmaýar, ruhlanýarsyň, şol döwürde bolasyň, ýaşasyň gelýär, şol döwre, Togrul bege, Altynjana we beýleki gahrymanlara, şöhratly, gahrymançylykly türkmen taryhyna buýsanýarsyň, köp-köp zatlary öwrenýärsiň.

Öwredýän, ruhlandyrýan, arzuwa atarýan eser – maksadyna ýeten eser. Ýazyjy Osman Ödäýewiň üç kitapdan ybarat “Altynjan hatyn” romany-da öz öňünde goýan maksadyna ýeten eserdir.

Bagtyýarlyk eýýamymyzda şeýle eserleriň höwri köp bolsun!

**Jora ALLAKOW**,
*Magtymguly adyndaky türkmen döwlet uniwersitetiniň professory, filologiýa ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň at gazanan halk magaryf işgäri.*

## BIRINJI KITAP

# GELEJEK

*Horasanda milleti arap bolmadyk, nurana ýüzli häkim peýda bolar. Onuň ady menin adym ýaly Muhammet bolar we büweýhlileriň agalygynyň soňuna çykar. Horasandan beýik Derwezata /Seýhun derýasy bilen Anadoly aralygy/ çenli basyp aljakdyr, gylyjyny iň soňuna – ýeňşe çenli elinden hiç düşürmejekdir. Onuň ady Eýranda, Yrakda we Mekgede hutbada /namazlarda, doga-dileglerde/ ýatlanjakdyr.*

***Muhammet pygamberiň hadyslaryndan.***



### Birinji hekaýat

### BALYŇ BAL BOLSA, SIŇEK BAGDATDAN GELER

**1.**

Adama wagt hemişe az ýaly, ýöne ol gutaranok, ömür hemişe uzak ýaly, ýöne ol derrew gutarýar. Göräýmäge, ömrüň uzak-uzak wagtlap dowam edäýjek ýalydyr, ýöne ol köplenç ät galdyryp, armanda goýup geçýär, üýtgemeýän zat ýok. Wagt Jeýhun derýasyna meňzeş: akyp-geçip barýar. Haýsy ýeriň çuňdugyna, haýsy ýeriň saýdygyna, haýsy ýerde burgunyň boljakdygyna welin, öňünden bahabar bolabilmersiň. Akylyňa gelmeýän, sygmaýan zatlar başyňa gelýär. Garaşman durkaň, gör, nämeler bolanok!

Bal kölünde hoşyýana döwran sürüp, her gün gyralaryna, ýeňine al-elwan zerden parawuz aýlanan täze don, başyna atlazdan selle, aýagyna oraýany gaýyş ädik geýip, taýly pişge murtuny her gün ýaglap, asyl, dünýäni topugyna çykarman najyrap ýören Bugrajyk Abdal hem ömrüniň beýle öwrümine-burgunyna eger-eger garaşmandy. Oslagsyz gelen diýdimzor kysmat ony bu gün kül üstünde oturtdy. Elinden sandyk-sandyk lagly-jowahyrlaryny zomluk birle aldy, ol baýlyklary kör iýip, köse gägirdi. Aňyrsy-bärsi bir aýlyk mezilli Horezmine ýöreýän hökümi kiçelip-kiçelip, Zamahşar atly gürleňgüjügiň öýüne meňzeş kiçijek bir galanyň çägi bilen çäklendi.

Ol öňem köp gepläp ýören kişi däldi, başyna düşen ýowuzlykdan soň-a, bir zat soralsa jogap bermän, ýüzüňe müňkürlik, syrlylyk bilen hukjaryp seredip dymýan, hakyt lal kişä öwrüldi. Özem öýünden

çykmady, ýowuzlygy içine salanlygyndan bolsun gerek, ýarym ýyl geçip-geçmänkä ýanyny ýere berdi, soňky günler ellerini öndäp düşündiren ýeke-täk zady – içerde içiniň gysýanlygy, dalana çykmak isleýänligi boldy.

Şeýle hem edildi: ony giň dalana çykardylar. Bu ýerde onuň bar ünsi howlynyň otuz-kyrk zirag gündogarynda ýerleşýän teblehanasyndaky ýoz atynda boldy. Ol ähli wagtyny şol ýoz atyna tiňkesini dikip geçirdi. Diňe bir gündizlerine däl, akrabyň çigrekli uzyn gijelerinde-de ýoz atyndan gözlerini aýyrmady. Gatap, tirpildisi galan gabaklaryndan onuň haçan uklaýandygyny aňar ýaly däldi. Möjekler gijelerine bir gözüni açyp, bir gözi bilen ukusyny alýan bolsa, Bugrajyk iki gözüni-de açyp ukusyny alýardy. Içine çöken şol mön gözlerde gyldan inçe tenha umyt bardy: ajal gylyjyny bulaýlap gelýän Ezraýyldan halas eýläp biljek ýeke-täk halasgär – şu ýoz at bolmaly.

Onuň hyzmatyndaky kişiler: «Emirimiz ýoz atyndan gözüni aýyrman seredip ýatyr, megerem, münmek isleýär, ol ata münse, derdinden saplanar. Eždatlarymyz näsagy atda gezim etdirip bejerýän ekenler. Bizem emirimizi ata mündürip, gezim etdireliň» diýdiler.

Ine, şu pikir bilen ysgyn-deramatsyz emiri küýsän ýoz atyna mündürip, Jeýhunyň kenarynda gezdirdiler.

Söwedin Bugrajyk Abdal ýoz atynyň üstünde äwmän-telesmän, gözlerini süzüp oturdy, töweregine seretjek, ýanyndakylar bilen gürleşjek bolmady. Hyzmatyndaky hadymlar hem bir söz aýdyp, ony biynjalyk etmekden saklandylar.

Ony uzak gezdirdiler.

Salýat al-magryp namazyna – namazşama çenli gezim etdirip, soň atyň ugruny gala sary gönükdirdiler.

Kyrk ýedi ýaşy arka atan Bugrajyk Abdalyň düşen kysmaty Horezmin ilinde ähli kişä äşgärdi. Köp kişi oňa nebsagyryjylykly seredýärdi.

Ol şu ýaşa çenli uly hormatda, uly mertebede ýaşady. Bugrajyk – Eprikogullary hanedanlygyndandy[1], dogany Horezmin şalygynyň şasydy, özi Gawşfinj şäheriniň[2] häkimidi.

Horezmin iline hökümdarlyk eden Eprikogullary hanedanlygy indi ýok. Bu hanedanlygy Horezmin şalygynyň Ürgenç (Köneürgenç) şäherine häkimlik edip ýören Abu Aly Mamun[3] özüne goýulýan hormatdan, ynamdan peýdalanyp tagtdan agdardy, şalygyň paýtagtynda – Käs[4] şäherinde şanyň nebereleriniň ganyny Jeýhun derýa deýin akdyrdy. Şondan soň Käsi taşlap, Jürjaniýany[5] özüne paýtagt edindi.

Akhun şalygyny agdaryp, özüni şa yglan eden Abdylla Mamun Eprikogullary hanedanlygyndan diňe bir adama aman berdi, ol hem Bugrajyk Abdaldy. Mamun ony häkimliginden aýryp, diňe öz mülki Zamahşar galasyndan [6] çykman ýaşamagy emr etdi.

Mamunyň Bugrajyk Abdalyň üç ogluny öldürip, özüne aman bermegi köplere syrly göründi. Köpler muny Bugrajygyň dymma, ýuwaş, hiç bir zada geleň etmeýän töwraýy häsiýeti, patyşa bolmak höwesiniň ýoklugy üçindir öýtdi. Aslynda welin onuň aman galmagy diňe bir häsiýetiniň ýuwaşlygy üçin däldi. Abu Aly Mamun Jürjaniýa (Köneürgenç) şäherine Bugrajyk Abdalyň gönüden-göni güwädarlyk-ýardam etmegi bilen häkim bellenilipdi. Hanedanlykdan ýeke özüniň aman galdyrylmagy, ana, şol güwädarlygy-ýardamy üçindi.

Bugrajyk Abdal öz hanedanlygynyň pajygaly soňlanylmagynda özüni ýeke-täk ýazykdar saýyp, şol ýazygyna ahmyr edip, özüni ökünç ataşyna atypdy.

Ol dalanynda üç aý ýatdy. Bagyr agyrysy ony ysgyn-deramatdan aýyrdy. Üç aýlap geplemän, huk ýaly bolup ýatan emire hiç hili em peýda bermedi.

Atly gezim oňa tenekar bolar öýdüldi. Hakykatdanam emiriň atyň üstünde gözüni süzüp oturmagy oňa ýaran-tenekar bolan ýalydy.

Her kim onuň rahatlygyny bozmazlyga çalyşdy.

Ýoz at hem emiriň rahatlygyny bozmazlyga çalyşýana meňzeýärdi: şeýle bir edaly, sallanjyrap, käkilik deý ýorgalap barýan ýalydy ol.

Ýoz bedewiň edaly ýöremeginiň hikmeti başga eken...

Bugrajyk beg Allatagaladan alan amanadyny Jeýhunyň kenarynda Ezraýyla elin tabşyryp gaýdan eken. Bedewiň edaly ýöremesiniň hikmeti öz eýesiniň jesedini üstünden gaçyrman gala getirmek üçin eken.

* * *

Bugrajyk Abdalyň yzynda ýedi ýaşly ogly Abdylmälikden başga hiç kimi galmady.

Bigam ýaşap ýören oglan giden mirasa – Zamahşar galasyna, ýedi ýüz elli hojalyga nädip emirlik etsin?!

Wagt – rawy, ýeri gelende ol ähli zady düşündirýär. Bugrajyk emir babatda-da şeýle boldy.

Şol agyr günlerde Bugrajyk Abdalyň köne dosty – Arsahuşmisen[7] şäheriniň emiri Tahyr Afrasýap ýedi ýaşly Abdylmälige howandarlyk etdi: ilki bilen, ir öýerilen oglanlaryň ýa agyn samsyk bolýandygyny, ýa ir kämil çykýandygyny göz öňünde tutup, mirasdüşeri öýermegi makul bildi. Şu niýet bilen ol Bugrajyk Abdalyň ýalňyz mirasdaryny ilki sünnet etdirdi, üç-dört aýdan soň bolsa oňa özüniň on ýedi ýaşly maňyzly-meňzeşikli janymak gyzy Hajary nikalap, gelin edip berdi. Mansur atly doganoglanyna Zamahşary dolandyrmagy ynandy.

Öýlenensoň, dogrudanam, Abdylmälik ir «molla» çykdy. Deň-duşlarynyň arasynda ilkinji kaka bolan, sümüklije oglan halyna perzende ýüzi düşen ýaş emir galany dolandyrmak başarnygyny ele alyp ugrady. Tahyr Afrasýap her aý Zamahşara geldi: birki günläp galanyň işlerini tertibe salmak bilen meşgullandy, ýaş giýewisine etmeli işlerini birin-birin öwretdi.

Her çaga dünýä inende Tahyr Afrasýabyň hatyny agtygy çileden çykýança gyzynyň ýanynda ýardamçy boldy.

Galanyň ýaş emiri ir kämil çykansoň, öz neberesi, pederleri, olaryň pajygaly kysmaty, Käş şäherinden Zamahşar galasyna gelişleri barada gyzyklanyp ugrady, gaýynatasynyň, diňe bir onuň däl, ýaşlary bir çene baran galadaky garry adamlaryň gürrüňlerini diňledi.

**2.**

Zamahşar galasy Jeýhun derýasynyň çep kenarynda burundyk tokaýlyga çümüp otyrdy. Galanyň günbatar tarapynda agaçdan ýasalan äpet uly derwezesi bardy. Derwezäni otuzdan gowrak sakçy goraýardy.

Galanyň derwezesi gündiz açyk durýardy, gijelerine welin Abdylmälik emiriň ýa Mansur gapydanyň[8] emri bolaýmasa, aňsat-aňsat açylmaýardy. Jürjaniýada, öndürilýänlerden birjik-de kem bolmadyk, aramy-jan ysy ýarym kerwe[9] aralykdan özüne çekip, agzyňy suwardýan halwa bilen nişalla[10] taýýarlanylýardy, şeýle hem keýmir peýkamlardyr ýaýlar ýasalýardy. Bezirgenler galada öndürilýän zatlardan her gün kerwenläp-kerwenläp satyn alyp gidýärdiler.

Galada, galanyň daş-töwereginde ýaşaýan ilatyň gün-güzerany gowudy, çünki olar ok-ýaý, halwadyr nişalla taýýarlap gazanç edýärdiler. Goňşy obalardan gazanç etmek üçin gelýän adamlar hem az däldi. Galada işleriň rowaçlygynyň hatyrasyna emir her juma güni derwezäniň öňündäki meýdanda saýak-saýakdyrak adamlara sadaka berýärdi.

**3.**

Abdylmälik daýaw, dogumly, pähimli, ynanjaň, kakasy ýaly dymma, käteler zoňtar, gödek ýigit bolup ýetişdi.

Ol ir ertirden giç agşama çenli işe najagaý bolup, galadaky her bir işe gözegçilik edýärdi. Bezirgenler bilen söwdalaşmagy hiç kime ynanmaýardy, ýalan sözlemeýärdi, hiç kime ikilik etmeýärdi. Şeýle bolansoň, ol gatnaşýan adamlarynyň hem ýalan sözlemezliklerini, özüne ikilik etmezliklerini isleýärdi. Ol bezirgenlere ynanýardy, bezirgenlerem oňa ynanýardy.

Abdylmälik emiriň dost hökmünde oturyp-turuşýan, köplenç, meýlisleri bile geçirýän üç sany ýeg dosty bardy. Olaryň ilkinjisi, Käş şäheriniň häkimi Gazanpar Takdy. Ikinjisi, Keski Kelewdi, ol yktadardy, ykta oňa on müň atly goşuny aýdylan pursady soltan Mahmyt Gaznalynyň huzuryna eltmegi üçin berlipdi. Onuň yktasy Sebzewar, Dargan sebitlerindedi. Üçünji dosty Zamahşaryň aşak tarapyndaky Buruntak obasynyň raýisi Janahyr Geçdekidi. Emiriň her dosty bilen özboluşly gatnaşygy bardy. Ol Gazanpar Tak gelende on-on bäş günlük awa giderdi. Myhmançylyk şunuň bilen soňlanardy, käteler emiriň özem Gazanparyň ýanyna awa giderdi. Olar awda wagtlaryny diýseň şagalaňda geçirerdiler.

Keski Kelew (onuň özüni alyp barşynda kelewligi – mertebeli kişidigi äşgär duýulýardy) aýdym-sazyň, her hili ýaryşlaryň muşdagydy. Ol gelende Zamahşarda her gün ir ertirden giç agşama aýdym aýdylyp, saz çalynýardy, ýaýdan nyşana ok atmak, gylyçlaşmak boýunça gyzykly ýaryşlar geçirilýärdi. Käte awa giderdiler. Raz aýdyşmagy, käte-de gybat etmegi gowy görýärdi.

Janahyr halwaçy bilen emiriň meýlisi köplenç suwamaý hylwatda geçerdi, özem gürrüň söwda-satyg, peýda hakda bolardy. Ol emiriň öýünde hiç wagt bir günden artyk bolmaýardy. Oňa derek aýda iki-üç gezek gelerdi. Onuň bilen iş salyşmak emir üçin bähbitlidi.

Abdylmälik emiriň Gazanpar Tak, Keski Kelew, Janahyr Geçdeki (onuň ýörgünli ady Janahyr halwaçydy) bilen dostlukly gatnaşygy köpler üçin geňdi, çünki olaryň häsiýetleri, gyzyklanmalary bilen emiriň häsiýeti-de, gyzyklanmasy-da deň gelenokdy. Emir özünde ýok häsiýetleri dostlarynyň häsiýetleriniň üsti bilen dolduryan bolsun gerek. Ýaşlykda söýgi, mähir alman ulalan kişi söýmegi-de, mähir siňdirmegi-de başarmaz eken. Emir-de sowuk mähirdi. Dostlary gelende welin ýazylyp-ýaýrap, hakyt başga adama öwrülýärdi. Has takygy, başga adama öwrülmäge çalyşýardy. Eli uzadan ýerine ýetensoň, ol özgeler deýin aw lezzetini, aýdym-saz lezzetini, meýlis lezzetini almaga çalyşýardy. Hakykatynda ol bu üç lezzetiň içinde awdan özgesini isläp baranokdy, ýöne begzada kişä meňzäp ýaşamagy borç hasaplaýardy. Emiriňki-de düşnükli: bu dünýäde il şekilli ýaşamak üçin birgiden islemeýän işleriňi etmeli bolýarsyň! Şol ýönekeý etmeli işleriň ilkinjileri: ähli kişä gülüp bakmaly, köpler bilen dost bolmaly.

Elbetde, emiriň bezirgen, serkerde dostlary-da az däldi. Dostuň köplügi onda, köplenç, garaşylmadyk kynçylyk döredýärdi.

* * *

Mansuryň yhlasy birle Abdylmäligiň işiniň rowaç alyp ugramagyna göriplik edip, ýaş emiri gaýynatasyna garşy goýmagy başardylar. Ýogsam Mansur onuň bahylçylykly gep-gürrüňlerden daşda bolmagy üçin köp yhlas ederdi, ýöne hakykata görä ýalan adamlary özüne tiz ynandyrýar, tiz imrindirýär, ýalan ýaş emiriň hem ynamyna aňsatlyk bilen girdi. Başda Tahyr Afrasýabyň, Mansuryň sözünden çykman, olary özüne hossar saýyp ýören Abdylmälik halwadyr nişallasyny satýan bezirgenleriniň har-hamyryndan ýel aldy. Olaryň sözüne hem maslahatyna eýerip: «Sen meniň baýlygyma göz gyzdyrýarsyň. Sen gala eýe çykjak bolýarsyň. Men hemmesini bilýärin. Gyzyňy-da äkit, özüň-de git» diýip, dokuz ýyldan soň – on alty ýaşda Abdylmälik emir Tahyr Afrasýabyň hakyt ýüzüne durdy. Ýagşylygynyň ýamanlyk hökmünde görülmegine jany ýanan Tahyr Afrasýap gaharyny hazzar içine salyp, sesini çykarman, gyzyny hem agtygyny, doganoglany Mansury alyp, Arsahuşmisene dolandy.

Bozuk araba bilen uzaga gidip bolanok. Ýalan – bozuk araba, onuň bilenem uzaga gidip bolanok. Ýaş emir hem gödek ýalňyşandygyna biraz giç – ýüz ýigrimi günden soň düşündi. Ara tow salan kişileriň matlaplary-da aýdyň boldy.

Goýberlen ýalňyşlygy nädip düzetmeli? Özüň-ä hiç kimsäniň ýalňyşandygy hakdaky özelenmesini diňlemek isläňok, ýeri, seni diňlärlermi?! Tahyr Afrasýap günäňi geçermi? Abdylmälik gije-gündiz oýlandy, gije-gündiz çykalga gözledi. Ahyry Tahyr Afrasýabyň dergähine barmagy, gepe gidendigini boýun almagy ýüregine düwdi. Onuň Tahyr Afrasýabyň ýanyna gitmegini islemediler, ýolundan saklamak üçin her hili sözleri aýtdylar. Ähli sözler Abdylmäligiň soňky gelen pikirini üýtgedip bilmedi. Maňlaýy daşa degen, öz ýalňyşyna düşünen Abdylmälik gaýynatasy Tahyr Afrasýabyň dergähine ugrady. Gaýynatasynyň ýanyna barýarka nätanyş kişiler ony ýolda öldürdim edip gitdiler.

Tahyr Afrasýap Abdylmäligiň dadyna Hydyr ata bolup ýetişdi: ölümden alyp galdy, bir ýarym aý öýünde saklap, bejerdi, aýaga galdyrdy.

Erkek kişiler üçin dünýäde iň kyn zatlaryň biri ýalňyşyňy boýun alyp, ötünç soramak. Abdylmälik gaýynatasynyň öýünde näsag ýatan bir ýarym aýynyň içinde ten agyrysynyň ezýetindenem bäş beter wyždan ezýetini köp çekdi. «Ýalňyşypdyryn» diýmäge boýny aşa ýogynlyk etdi. «Oguz ýalňyşyny boýun alandan takga jan berenini gowy görýär» diýleni çyn bolarly, Abdylmälik dymdy. Herhal, Tahyr Afrasýap giýewiniň goýberen telek işi üçin ony berk ynanjyna esaslanyp kötekläp durmady: erkek erkekdir-dä! Oňa ýalňyşmak gelişýär. Asyl ýalňyşmaýan bolsa, ol erkegem däldir. Beýik Taňry erkek kişileri iş etmek üçin ýaradypdyr. Işleýän adam käte ýalňyşar hem. Rast, şeýle bolsa, goý, her kim öz işini etsin!

**4.**

Tahyr Afrasýabyň üç gyzy, Tümen atly bir ogly bardy. Abdylmälik Tümen bilen gözli ýaşytdy.

Olar deň-duş bolsalar-da, biri-biri bilen mäşleri bişişmeýärdi. Tümeniň bolşuny Abdylmälik, Abdylmäligiň bolşuny-da Tümen halamaýardy.

Tahyr Afrasýap hajyraw ýigit bolup ýetişen ýalňyz oglunyň bir bela-betere ýolukmagyndan gorkuda gezerdi. Ol «Haktagala maňa ýeke ogul berdi, onam ikinji gezek berdi. Indi alsa, yzyna gaýdyp bermejegini bilýärin» diýip janygýardy. Häkim bu sözleri bolup geçen bir ahwalaty nazarda tutup aýdýardy. Ol ahwalat Tümen bir aýlyk

çagajykka bolupdy. Ýazlaga çykylanda gundagdaky çagajygy eneke birpaýyz daşarda goýup, haýsydyr bir iş bilen çadyra giripdi. Şonda ak gundagly çagany ýokarda aw gözläp ýören bürgüt görüpdir-de, göni aşak gaýdypdyr. Ýazlagdaky adamlar bürgüdiň nämedir bir zat alyp ýokary galanyny görüp, gygyryşmaga başlapdyrlar. Bürgüdiň alyp gideniniň hakyt Tahyr Afrasýabyň ýalňyz ogludygyny derrew bilipdirler, haýdan-haý bürgüdiň giden ugruna bakan at salypdyrlar. Bürgüt iki çakrym[11] aralyk geçip, bir seňňeriň üstüne gonupdyr. Adamlaryň alagykylyk edip gelýändigini görüp, awuny alyp ýene asmana galypdyr. Bürgüt esli aralygy geçip, bu gezek bir aklaňyň üstüne gonupdyr. Çaga çirkin aglapdyr. Çaganyň çyrlap aglamasyna bürgüdiň gahary gelipdir, onuň sesini goýdurjak bolup gundagy ýyrtypdyr. Bürgüdiň ýiti dyrnagy Tümenjigiň maňlaýyndan eňegine çenli aralykda uzyn, mesaňa yz galdyrypdyr. Bürgüt üznüksiz ses edip aglaýan awuny ikinji gezek äkitjek bolmandyr: özüne bakan gelýän atlylar ýakynlaşyberenlerinde çagany goýup, uçup gidipdir. Gundag welin eýýäm gara gan eken.

* * *

Tümen akylly, pähimli ýigit bolup ýetişdi, häkimiň ogludyryn diýip, hiç kimiň ýanynda özüni ilden ýokary tutjak bolmady. Gaýtam, ol özüniň kimdigini ilden ýaşyrmaga çalyşdy. Köpüň biri bolup, il içinde hormata-sylaga ýetdi. Rehimdardy. Elinden gelse, adamlara ýagşylyk etmäge çalyşýardy. Men-menligi, tekepbirligi, güýje baýrynmagy, eden-etdiligi halamaýardy, ýöne özüniň käteler men-menlik edäýmesi, göçäýmesi bardy. Kim baýlygyna, abraýyna, tanyş-bilişlerine bil baglap, adalatsyzlyk etse welin, ol garşy çykmagy başarýardy. Asyl şeýle kişilere ýowuz jeza berýärdi. Şeýle bolansoň, kakasy ony şäheriň muhtasyby[12] wezipesine belläpdi, ýüzden gowrak oglan[13] beripdi. Tümeniň borjy şäherde tertip-düzgüni ýola goýmakdy. Ol gerek ýerinde juda rehimsizdi. Jenaýat eden adamlary dardan asmagy ýa olaryň kellelerini çapgy ýassygyna goýmagy eşekden palan alança-da görmeýärdi.

Tümen meýlisi, meýlis gurmagy gowy görýärdi. Abdylmälik bilen häsiýetleri, esasan, şu babatda çapraz gelýärdi. Çaprazlyk, biriniň meýlisi gowy görýänligi, beýlekisiniň bolsa muňa höwesek däldigi üçindi. «Seniň gülüp duran wagtyňa gabat gelmedim. Sen mydama öz iş-aladaň bilen başagaý, ýüzüňden ýylgyryşyň yzlaram ýitip gidipdir. Seniň bilen otursam, özümi ýasda oturan ýaly duýýaryn» diýip, Tümen Abdylmäligi kötekleýärdi.

Aýdylýan tankyt hak bolsun-bolmasyn, tapawudy ýok, ony hiç kimse halanok. Ähli kişiniň halamaýan zadyny, elbetde, Abdylmälik hem halanokdy.

Hoş söz aýdan kişi gözüňe mähriban bolup, kemçiligiňi ýüzüňe aýdýan kişi senden nähilidir bir kitüwli ýaly bolup görünýär. Tümeniň käbir sözem Abdylmälige göwnüýetmezçilik ýaly bolup duýulýardy.

Göwnüň suw içmeýän kişiniň ýanynda durasyň gelmeýär. Emiriň hem gaçgyny Tümen muhtasypdy.

Onsoňam Abdylmälik bilen Tümeniň arasynda dostlugyň ýoklugy geňem däl, çünki türkmende gaýyn-guda arasynda dostluk bolmaýar, diňe sylaşyk saklanýar...

## 5.

Abdylmälik emir ýaşan ýaşyndan garry görünýärdi. Ýokary gabaklary gözüniň üstüniň köp bölegini örtüp durdy, ýörände gara ýerde ary köýüp ýatan ýaly, gadamyny batly urýardy, köplenç, başyny aşak salyp ýöreýärdi. Özem hiç mahal yzyna hem töweregine garanjaklamaýardy, donunyň iki synyny guşagyna gysdyryp, maňlaýy sekilli gara atyna ýolbars deýin bir bökende münýärdi. At janawar esli aralyga tapyrdap gidýärdi.

Ol mydama möhüm bir zat hakda oýlanýan ýaly bolup görünýärdi, içini hümleder ýörerdi.

Hakykatdan hem ol, köplenç, şol bir zat – nesebiniň şum takdyry hakda oýlanardy, zamananyň özgermegine – öz neberesini ýok eden Mamunlaryň hökmürowanlygynyň soňlanmagyna gününi sanap garaşardy, günegargan deýin, öz hanedanlygyny gyran adamlara nälet okardy.

Ýigrimi ýyldan soň Abdylmäligiň ahy Haktagalaga gowuşdy. Soltan Mahmyt Gaznaly [14] onuň dadyna ar alyjy bolup ýetişdi: Mamun şalygyny syndyryp, Horezmin ilini özüne tabyn eýledi, bu ilde gapydany Altyndaşy[15] şa tagtynda oturtdy.

* * *

Soltan Mahmyt Gaznaly uly goşun bilen Horezmini teshyr kylmak üçin barýarka Zamahşar galasynyň deňinde düşledi. Şonda soltana Abdylmälik emir, onuň neberesiniň pajygaly kysmaty hakda gürrüň berdiler.

Abdylmälik emiriň begzada neberesi hakda eşiden soltan Mahmyt Gaznaly Zamahşar galasyna bardy.

Soltany duz-çörekli garşy aldylar.

Ol emiriň howlusyna giren pursady aýal maşgalanyň gykylygy eşidildi. Ähli kişi nämäniň-nämedigini anyklamak üçin diňşirgendi: çaga jägildisi ähli zady düşnükli etdi.

– Abdylmälik emir, gözüňiz aýdyň, çagaňyz boldy! – diýip, Mansur ylgap geldi.

– Merhemetli soltan, siziň Zamahşara ilkinji mübärek gadamyňyz maňa perzent berdi – diýip, Abdylmälik emir soltana özüniň çäksiz minnetdardygyny bildirdi. Elbetde, onuň Mamun kowumyndan elhenç zulum görendigini, zulumyň ýigrimi ýyldan gowrak wagtlap dowam edendigini, bu gün Allatagalanyň özüni ýalkandygyny – diňe bir özüni däl, külli Horezmin halkyny Mamunyň zulumyndan azat eýleýändigini, munuň üçin soltan Mahmyt Gaznalydan çäksiz minnetdardygyny aýdasy geldi, herhal, saklandy. Öňde gazaply darkaş bar, ol darkaşda ýeňşiň haýsy tarapa ýar boljakdygy entek belli däldi.

Şeýle bir pähim bar: «Ertesini gaýgyran kapyr» diýip. Ertesini gaýgyran kapyr bolýan bolsa, onda Abdylmälik bu gezek kapyrlyk etdi.

Omar atabeg ýaňyja dünýä inen, akja kumaja dolangy çagajygy emire gowşurdy. Emir çagajygy gujagyna alyp soltana ýüzlendi.

– Merhemetli soltan, ine, siziň ilkinji mübärek gadamyňyzdan dünýä inen çaga. Eger şu çaga at dakmagy, pata bermegi rowa bilseňiz, meniň buýsanjymyň-begenjimiň çeni-çaky bolmazdy. Çagama at hem pata berip, meni bagt bossanyna salmagyňyzy towakga edýärin, merhemetli soltanym.

Soltan çagajygyň ýüzüne seretdi:

– Ogulmy?!

– Gyz, merhemetli hökümdarym – diýip, Omar atabeg müýnli seslendi.

Soltan öňden gelýän dessur boýunça çagajygyň her gulagyndan üç mertebe çalaja çekdi:

– Mertebeli gyz bolup ýetişsin. Ady Altynjan bolsun! Beýik bege mynasyp hemra bolsun. Adyny men berdim, ömrüni, mertebesini Allatagala bersin! Omyn!

* * *

Bu gün Abdylmälik emiriň durmuşynda ýatdan çykmajak bagtly günleriniň biri boldy. Soltanyň mübärek gadamynyň hormatyna uly toý tutdy. Toý ýedi gije-gündiz dowam etdi. Emir eçilmek eçildi. Täze dünýä inen gyzjagazy – Altynjany «Soltanyň gyzy» diýip aýratyn eý gördüler.

Altynjan Zamahşara bagt getirdi.

Bagt getiren gyzjagaza aýratyn gözegçilik etdiler. Üç-dört eneke Hajar hatynyň hyzmatynda durdy.

Abdylmälik emir gyzjagazy sekiz-on aýlykka – durdy-durdy bolanda, soň ýörjen-ýörjen bolanda zamahşarlylary ýygnap toý berdi. Ol toýlaryň yzy üzülmedi.

Altynjan ýöremäge ir başlan-da bolsa, geplemegi giç öwrendi, bäş ýaşynda gepläp ugrady.

Gepläp başlanyna begenip, jedir-jedir edip geplemek gepledi, onuň şeýle köp jedirdemesi birki ýyllap geplemediginiň öwezini doljak bolýan ýalydy. Eneke görgüliler gyzjagazyň «Şu näme, o näme?» diýip berýän üznüksiz sowallaryna jogap berjek, oňa-muňa güýmejek, oýnatjak bolup ýadamak ýadaýardylar, görgülileriň käsiniň daşarda duran-duran ýerlerinde usurgap, uklap galýan pursatlary köp bolýardy.

Altynjan gepe-söze düşünip ugrandan soň, soltan Mahmyt Gaznalynyň Zamahşara gelşi, özüne at dakyşy hakdaky gürrüňleri her gün diýen ýaly diňlemegi nysak edindi.

– Soltan näme diýipdir? – diýip, Altynjan enekesine ýüzlenerdi.

– Wiý, men saňa häzirjik gürrüň berdim-ä, özem üç gezek gaýtaladym.

– Meniň ýene eşidesim gelýär-dä!

Eneke göwünli-göwünsiz gaýtalamaga başlardy:

– Hakyt ynanar ýaly bolmady, ol! Babaň soltan Mahmyt Gaznalynyň öňünden duz-çörekli çykdy. Öýden duz dadyp geçmegini mürehet etdi. Soltan özüniň wezirleri, jandarlary bilen derwezeden ilkinji ädimini ätdem welin, bir mähirlije jägildi eşidildi. Ähli kişi üşerildi. Emirimiz boz-ýaz boldy, özüni gaty oňaýsyz duýdy. Şol mahal Mansur ylgap geldi: «Abdylmälik emir, gözüňiz aýdyň, çagaňyz boldy!» diýdi. Emirimiziň ýüzi açyldy, ol soltana minnetdarlyk bildirdi:

– Merhemetli soltan, Zamahşar galamyza siziň ilkinji mü-bärek gadamyňyz maňa perzent berdi.

Soltan emirimiziň sözlerinden soň akja kumaç gundagy eline aldy-da, seniň ýüzüňe mähir bilen seretdi.

– Näme diýdi? – diýip, Altynjan ýantgylady.

– Soltanmy? Soltan aýtdy: «Mertebeli gyz bolup ýetişsin. Ady Altynjan bolsun» diýdi.

– Hakyt şeýle diýdimi?

– Hakyt şeýle diýdi: «Mertebeli gyz bolup ýetişsin. Ady Altynjan bolsun» diýdi.

– Soň näme diýdi?! Aýdyber-ä!

– «Beýik bege mynasyp hemra bolsun» diýdi. «Adyny men berdim. Ömrüni, mertebesini Allatagala bersin» diýdi. Omyn etdi. Doga-dileg edildi.

Altynjan ýüzüni torsartdy:

– Indi näme üçin soltan gelenok? Goý, gelsin, meniň ony göresim gelýär.

– Wiý, Altynjan, seniň diýýäniň näme? Ol – soltan, islese geler, islemese gelmez. Onuň iş-endişesi kändir.

– Gelsin!

– Biz oňa hiç zat diýip bilmeris.

– Näme üçin? Ol öň gelipdir-ä?! Ýene gelsin!

– Ony men aýdyp bilmerin.

– Kim aýdyp biler?!

– Babaň!

Altynjan kakasyndan talap etdi:

– Baba, soltan Mahmyt Gaznalyny göresim gelýär. Oňa: «Gel!» diý.

– Diýýäniň näme seniň? Ol soltan ahyryn!

– Bolsa bolsun!

– Soltana: «Gel!» diýmek bolmaýar.

– Näme üçin?

– Sebäbi ol soltan. Sebäbi ol gaty beýik adam.

– Ol sendenem beýikmi?

– Beýik!

Altynjan juda geň galdy:

– Sendenemmi?

– Hawa, mendenem. Oňa «Pilmahmyt» diýip ýöne ýere aýdanoklar.

– Ol pil ýalymy?

– Ol pil ýaly.

– Ol öň gelipdir-ä?

– Geldi.

– Ýene gelsin.

– Ýok, ýok, bolmaz!

– Baba, «Gel!» diýäý!

– Men soltana: «Derrew gel, seni gyzym görjek bolýar» diýip bilmerin.

– Näme üçin?

– Gelşiksiz bolar.

– Näme üçin «Gelşiksiz bolar?»

Emir näme diýjegini bilmän, göýä özüni halas etjek jogaby tapaýjak ýaly, töweregine garanjaklady, halasgär jogap tapylmady. Onsoň emiriň özi tersine tutup, sorag bermäge başlady:

– Näme etjek ony?

– Görjek.

– Görüp näme etjek?

– Görüpmi? Görjek.

– Näme üçin görjek?

– Göresim gelýär-ä, meniň.

– Näme üçin göresiň gelýär?

– Göresim gelýär... – diýip, Altynjan hem kakasy deýin anyk jogaby gapdalyndan tapaýjak ýaly, töweregine garanjaklady.

– Bar, näme üçin görmek isleýändigiňi bilip gel.

Altynjan nämäni bilmelidigini anyk bilmän gitdi. Ýarygije kakasyny yralap ukudan oýardy:

– Baba, baba, men bildim.

– Näme?! – diýip, ukudan doly açylmadyk emir garysyna galdy. Aragaraňkylykda gyzynyň nirededigini saýgarmady. – Hany sen?

– Men ýanyňda, baba – diýip, Altynjan kakasynyň elinden tutdy.

– Näme gerek? Bar, ýat!

– Men kän-kän oýlandym.

– Sen oýlandyňmy? Näme hakda oýlandyň?

– «Soltany näme üçin görjek?» diýdiň-ä. Ana, men oýlandym, soň bildim.
– Nämäni bildiň?
– Meniň soltany göresim gelýär.
Emir gyzynyň ýarygije ukudan oýarandygyna gahary geldi.
– Şu sözi aýtmak üçinem meni ukudan oýardyňmy?
– Indi soltan gelermi?
– Bar, ýat, ertir gürleşeris.
Emir ýene başyny ýassyga goýdy. Altynjan welin ýatmaga gitmedi. Kakasynyň başujunda tä daňdana çenli irikgä bolup, şöwür çekdi oturdy. Emir gözüni açsa, başujunda gyzy otyr.
– Nä otyrsyň?
– Ertir gürleşeris diýdiň-ä!
– Ýok bol! Görünme gözüme!
– Soltan haçan geler?
– Ýok bol!
Altynjan, megerem, uzak gijäni ýatman geçirip, kakasyndan beýle haýbata garaşmadyk bolarly, görgüli gözlerine ynanmaýan dek, kakasyna dikarynlap seretdi durdy.
– Indi nä dursuň? Ugra!
Altynjan sessiz aglady, şebistanyna baryp sesli aglady.
Birki günden soň Altynjan ýene kakasynyň bosagasyna bardy:
– Baba, men «Soltanyň pata beren gyzy».
– Bolaňda näme?!
– Soltany göresim gelýär meniň. Goý, gelsin!
Emir ahyr yşrar tapdy:
– Bar, atabegiňe aýt!
Bu gezek Altynjan kakasyndan gile etdi, sebäbi atabegiň iş başarmajakdygyny – soltany getirmegi başarmajakdygyny ol bilýärdi, atabeg telim ýola başarmajakdygyny boýun alypdy. Şonuň üçinem Altynjan ar almagy makul bildi, ojakdan ullakan köz getirip, kakasynyň oturýan sypasynyň üstüne taşlady. Soňam ýorgana bürenip ýatdy.
Birsalymdan başlandy bir başagaýlyk!
Emiriň salamlygy-myhmanhanasy gara tüsse bolup ýandy. Onuň içindäki ýigrimiden gowrak haly-da ýandy.
Içerdäki on sany sandygy hazzar çykarmaga ýetişdiler.
Abdylmälik emir Altynjanyň üstüniň ýorganyny birýana serpip, ezeneginden tutup, ýokary göterdi:
– Seniň işiňmi?
Altynjan mönlüge saldy:
– Baba, soltany göresim gelýär!
– Merez!..
Emir gyzyny honda zyňyp goýberdi-de, gahar bilen daşaryk çykdy.

* * *

Altynjan özüniň eý görülýändigini duýýardy. Her bir islän, her bir aýdan zady derhal amal edilensoň, ol muňa öwrenişip hem gidipdi, özüni gaty erkin, hökmürowan alyp barýardy. Enekeler ony öz aralarynda «Zamahşaryň soltany» diýip atlandyrýardylar.
Bäş ýaşlaryndaka Altynjanyň çep bilegine siňňil çykdy. Bu oňa gaty ýokuş degdi. Siňňiliň aýrylmaýandygyna gaharlanyp, aglamak aglady.
Ol ähli deňi-duş oglanjyklarynyň, gyzlarynyň ellerine seredip çykdy. Olaryň hiç haýsynyň bileginde siňňil ýokdy. Onsoň ol ilki enekelerinden, soň ejesinden, gapydan Mansurdan siňňilini aýryp bermegini talap etdi. Olar yrymlar boýunça her hili iş edip gördüler. Barybir, siňňil aýrylmady. Soň ol kakasyna aýtdy. Ähli kişä hökümi ýöreýän Abdylmälik emir hem hiç zat edip bilmedi.
Altynjan siňňilini aýyrjak bolup, bilegini garagan etdi.
Ol tekepbirlik bilen siňňilini aýyrjak boldy, ýöne siňňili özündenem tekepbir çykdy.
Onuň siňňilini aýyrjak bolup şeýle bir yhlas etmesiniň esasy sebäbi bardy.
Altynjan bir gezek soltan Mahmyt Gaznalyny görmek isleýändigi hakda aýdanda atabeg Omar şeýle diýipdi:

– Soltan Mahmyt Gaznaly maňa «Altynjanyň elindäki siňňiller aýrylan güni men Zamahşara bararyn hem oňa üýtgeşik bir soltan sowgadyny bererin» diýdi.
– Soltan meniň bilegimdäki siňňili görenog-a?!
– Soltan sen hakda hemme zady bilýär.
Şunuň bilen gürrüň gutarypdy, atabeg bu aýdan sözüni ýadyndan-da çykardy, Altynjan welin ýadyndan çykarmady. Siňňiliniň aýryljak, soltanyň geljek gününe sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Göwnüne bolmasa, ähli kişi onuň siňňiline seredýän ýalydy. Ol Mansuryň sözüne ynanypdy, Mansur ýalan sözlär öýdenokdy.
Altynjan entek ulularyň ýalan sözleýändigini, dünýäniň hem «ýalançy» diýlip atlandyrylýandygyny bilenokdy.

**6.**

Galanyň derwezesiniň sakçylary – derbanlary Abdylmäligiň garasy uzakdan göründigi hataran durup, sadyklyk bilen baş egip tagzym ederdiler. Olar Abdylmäligiň boýnunyň möjegiňki deýin gysgadygy sebäpli yzyna gaňrylyp bilmeýäninden habarly bolsalar-da, ol derwezeden esli daşlaşýança butnaman durýardylar.
Abdylmäligiň howlusy derwezeden o diýen uzakda däldi, iki ýüz-üç ýüz zirag[16] aralykdady, howlynyň daşyna beýik haýat aýlanypdy. Howly galanyň demirgazyk tarapynda ýerleşýärdi. Ol galanyň içindäki galady. Oňa diňe bir derwezeden girmelidi. Derwezäniň iki tarapynda hem beýik küňreli diň bardy. Derwezeden giren ýeriň giň meýdandy, ol on iki müň ziragdy, howlynyň diwarlarynyň beýikligi ýigrimi ziraga barabardy.
Howlynyň sol tarapy aýal maşgalalaryň ýaşaýan haremidi, sag tarapynda bolsa Abdylmäligiň salamlygy ýerleşýärdi. Sag tarap on-on bäş sany gapysy bolan göz-göz otagdy. Olaryň tas ýarysy diýen ýaly gelýän myhmanlara niýetlenendi. Giň otaglar gat-gat ýazylan halylardan doludy. Otaglaryň töründe körpeçedir ýassyklar, güpjekler münder-münder bolup durdy. Howlynyň derwezesi, dalanlar, otaglaryň gapylary, otaglardaky sandyklar – bularyň ählisi agaçdandy, olara sünnälik bilen kaşar nagşy salnandy. Olara seretdigiňçe seredesiň gelýärdi. Mundan on ýyl öň bu nagyşlary görüp, Mamun şanyň hatyny Hara bin Söbüktegin[17] hakyt haýran galypdy. Hara melikäniň gowy görendigi üçin, emir özüniň ussat netjarlarynyň ikisini şanyň köşgünde işlemäge bermeli bolupdy. Öňi kaşar nagyşlary bilen sünnälenen dalanly otaglaryň ikinjisi beýleki otaglardan tas iki esse diýen ýaly uludy. Ana, şol uly otag emiriň salamlygydy, emir köp wagtyny şu ýerde geçirýärdi. Otagyň içinde bir zirag beýiklikde, bäş-alty zirag inlilikde sypa bardy. Ol halylar bilen örtülendi. Emir şol sypanyň üstünde oturyp, ýanyna gelen adamlary kabul edýärdi, olaryň arzy-hallaryny diňleýärdi.
Diňe bir derwezede däl, bu otagyň gapysynyň öňünde-de mydama jandarlar derbanlyk edýärdi. Kimi galanyň emiriniň ýanyna goýberilmelidigini, kimiň sakçylygy galanyň haýsy ýerinde etmelidigini Mansur pola (Mansura pola lakamyny Abdylmäligiň gyzy Altynjan dakypdy, Mansur hakykatdanam polady – semizdi) çözýärdi. Ol Abdylmälik emiriň diňe bir gapydany däldi: naýybydy[18] hem işigagasydy[19].
Mansur Abdylmäligiň şirin janyny ynanýan iň ýakyn adamydy. Diňe bir emiriň öýünde däl, Zamahşar galasynda hem köplenç, onsuz çöp başy gymyldamaýardy. Öýüň ähli keşigi onuň gerdenindedi. Mansur haçan görseň howlukmaçdy. Onuň ýazylyp-ýaýrap arkaýyn gülüp oturanyny görmek juda çetindi, köp zatlary Abdylmälige ýetirmän özi hem çözýärdi. Kim näme gerek bolsa, kim näme etmekçi bolsa Mansura baryp ýüz tutýardy.
Mansur kyrk ýaşlaryndaky, gysga boýly, berdaşly kişidi. Gürlände alkymyňa dykylyp: «Meni aldaýan bolaýma» diýen terzde bäbenegiň içine dikarynlap seretmek edehädi bardy. Ol ähli zada müňkürdi, özem näme haýyş edilse: «Ýok, ýok!» diýip, endigi boýunça başda garşy çykýardy. Şeýle bolansoň onuň «Mansur ýok», «Mansur müňkür» diýen lakamlary-da bardy. «Ýok» – onuň iň köp ulanýan sözüdi. Şeýle-de bolsa, biraz wagtdan soň – megerem, oýlanýandyr – «Ýok, etjek däl» diýen zadyny-da edýärdi. Iň gowy tarapy, ýüreginde adamlara ýigrenç ýokdy. Onuň «ýok» diýmeginiň sebäbi ýalňyşaýmaýyn diýen ätiýaçdan bolsun gerek, sebäbi ol gaty uly hojalygy dolandyrýardy. Halwa, nişalla öndürmekde üç ýüz, ok-ýaý ýasamakda iki ýüz, maldarçylykda iki ýüz elli, ekerançylykda müňden gowrak adam Mansur ýokdan – Mansur poladan – Mansur müňkürden – Mansur gapydandan hak-heşdek alýardy. Howlynyň sag tarapyndaky hatar otaglaryň biri Mansur polanyňkydy. Onuň otagynda galanyň, sebitiň hasap-hesibini ýöredýän on sany hasapçy işleýärdi. Mansur diňe agşam öýüne gaýdýardy. Daň bilenem gelýärdi. Onuň öýi uzakda däldi. Ol Zamahşara başda wagtlaýyn gelipdi. Onuň bilen Abdylmäligiň ümi alyşdy. Soň Abdylmäligiň towakgasy bilen ol galada hemişelik galdy. Abdylmälik Mansur bilen edil dogan deýin gatnaşyk saklaýardy. Onuň aňsat-aňsat gahary gelmeýärdi. Bu, megerem, çişik kişilere mahsus aýratynlyk bolansoň şeýledir.

Näçe ýyllap emiriniň hyzmatyny edenem bolsa, Mansuryň goşuny towuga ýükläbermelidi. Munuň sebäbi ol baýlyga gyzykmaýardy. Gününiň geçeni bilen kanagatlanýardy. Ol maşgala-da edinjek bolmaýardy.

Dogrusy, ony on alty ýaşynda öýeripdiler, ýöne alan gelni ilkinji gije ölüpdi. Şondan bir ýyldan soň ol ýene öýlenipdi. Ikinji gelni hem ilkinji nika gijesinde ölüpdi, munuň hikmeti ähli kişä aýandy.

Şonda oňa: «Saňa öýlenmek, şöhwete girmek bolmaýar» diýipdiler. Mansur janygypdy: «Allatagala uly zat beribem, kiçi zat beribem, asyl bermänem adamy betbagt edip biljek eken-ow».

Ana, şondan soň Mansur terkidünýälige ýüz urupdy. Ýogsam özüne berlen miras ýere-göge syganokdy. Onuň öz obasyna barasy gelenokdy. Sebäbi obasyna barsa, köpler ony göz astyndan synlamak synlap, hyşy-wyşa başlaýardylar. Şeýle bolansoň, ol Zamahşarda dünýäni unudyp işlänini gowy görýärdi.

Mansur Zamahşarda üçünji gezegem bagtyny synap görüpdi, asyl daýaw, uly göwreli bir aýal Mansura äre çykmaga höwes bildiripdi, özem öň birinji gije iki aýalyň ölendigini eşidenden soň. «Men ähli zada döz gelerin» diýdi, Mansuryň gürrüňine ynanmadyk bolarly ol, höwesjeň gelniň göwresiniň ululygyna bil baglan bolmagy-da mümkin. Mansur seresap bolmagy ýüregine düwdi. Ähli zady ätiýaçly başlady, ýöne, barybir, bolmady, hyjuw hyňzap, öwç möwje gelende hatynyň öljegi, seresap bolmak hakdaky özüne eden ähdiň ýadyňa düşmez eken...

Galadakylara hakykaty aýtmakdan saklandylar, «Gelni gije gara möý çakypdyr» diýdiler.

Mansur şondan soň öýlenmekden Allatarapyn mahrumdygyna boýun sundy.

Onuň durmuşdan alýan ýeke-täk lezzeti awdy. Ol elguşly awa gidip, awlan sülgünleriniň gyzgyn ganyny joralandyryp içip, hezil edýärdi.

Galada öýlenmekden, hatyn bilen şöhwetde bolmakdan kes-kelläm boýun gaçyrýan ýene bir kişi bardy. Ol atabeg Omardy. Elli-elli bäş ýaşlaryndaky köseleç Omaryň bar bileni-biteni bilimdi hem ylymdy.

Omar uzynak boýly, eti-gany ýetik kişidi. Ýüzi mähirlidi, gürlände ýuwaş gürleýärdi. Onuň gaharlanan çagyny gören adam ýokdy. Ol boýdy, ýigit çykyp ýeke gezegem zenan ysyny ysgap görmändi, öýlenmändi.

Altynjanyň on sekiz ýaşly akgyzy Uzperi Omara magşuk bolupdy.

Uzperi Omaryň kirini ýuwup, çägini çatýardy, otagyny süpürýärdi, çagalara sapak geçende daş işikde oturyp, ony synlaýardy, gürrüňini diňleýärdi. Omar sypaýy kişi bolansoň, Uzperi bilen gaty mylaýym gürleşýärdi. Olar däli porhan bolup, biri-birlerini söýdüler. Emir Uzperini Omara alyp bermäge, toý etmäge döwtalapdy, ýöne Omar öýlenmek islemedi: «Atabegleriň ata-baba gelýän däbine ysnat getirmäýin. Atabeg ömrüni sallahlykda geçirmeli, menem ömrümi sallahlykda geçireýin» diýip, ol özüne ýowuz çemeleşdi. Herhal, ol Uzperini görende süňňüni saklap bilenokdy, ony bagryna basasy, hyjuwyny egsesi gelýärdi. Ol birki gezek özüne erk edip bilmän, Uzperini bagryna basypdy hem. Altynjan hem öz akgyzynyň Omara durmuşa çykarylmagyny isleýärdi, atabegden toý tutmagy towakga ederdi.

Bir gün Omar Uzperi barada emiriň dergähine ýörite bardy: Uzperi ikisiniň bir howluda ýaşamaklarynyň mundan beýläk mümkin däldigini, çünki ol gyzy görüp dursa, hyjuwyna erk etmegiň özüne juda agyr düşýändigini, şonuň üçin ýa özüniň ýa-da Uzperiniň şu howludan gitmeginiň hökmandygyny aýtdy. Abdylmälik hernäçe islemese-de, gadymdan gelýän türkmen atabeglik mekdebiniň kada-kanunynyň saklanmagynyň hatyrasyna Omaryň islegini ýakyn günlerde amatly bahana tapyp kanagatlandyrmaga söz berdi.

## 7.

Altyndaş Abdylmäligi ýanyna çagyryp, ony özüne tümenbaşy belleýändigini, han[20] adyny, gerek wagty bir tümen goşun jemlemegi üçin Zamahşar sebitini ykta[21] berýändigini aýtdy.

Altyndaşyň bu ynamy Abdylmälik emiriň abraýyny sebitde has ýokary göterdi. Ýöne goňşy şäherleriň, galalaryň häkimleri, emirleri oňa gözügidijilik bilen seredýän-de bolsalar, emir – ol indi Abdylmälik handy! – öz gününden razy däldi. Sebäbi galada şugul bardy. Ol şugul Abdylmälik hanyň bagtyna boran ýagdyrmak üçin aşa yhlas edýärdi. Ana, şol şugul hanyň iki aýagyny bir gonja sokýardy, ynha indi on dört ýyl bäri hernäçe yhlas etse-de, onuň kimdigini anyklap bilenokdy. Altyndaş Ürgençde oturan ýerinden Zamahşar galasynda bolup geçýän ähli zatlary hanyň özünden takyk bilýärdi.

Emir her üç aýdan öz sebitindäki ýagdaý barada hasabat bermek üçin Altyndaşyň ýanyna baranda, ondan özi hemem sebitde bolýan wakalar bilen baglanyşykly gürrüňleri eşidip haýranlar galýardy. Özem Altyndaşa ýetirilýän habarlar dogrudy. Ol gürrüňleriň hemmesini aýdyp soňuna çykar ýaly däldi. Altyndaş gürläp başlanda emir girere deşik tapanokdy.

Altyndaş Zamahşar sebitinde bolup geçen ähli wakalary jikme-jik bilýärdi. Haýsy obada ogry bar? Ol ogrular kimler?! Kimiň zady ogurlandy? Kim kimi näme üçin öldürdi? Haýsy emir kim bilen gatnaşýar.

Heýteleden[22] Horezmine kim haýsy maksat bilen gelipdir. Bu zatlary Altyndaş gaty takyk bilýärdi. Ol Abdylmäligiň özi hakda-da köp zatlary bilýärdi. Özem gaty ynamly gürleýärdi:

«Sen gaýynataň Tahyr Afrasýabyň ýanynda: «Soltan Mahmydyň asly gul, onda asyl ýok, asyl» diýipsiň. Sen gaty ýalňyşýarsyň, Abdylmälik. Soltan Mahmyt seniň bilen ykbaldaş. Ol Gün hanyň ogly Gaýalardandyr. Gaýa han hakda Oguz hanyň wesýeti bardyr. Ol: «Biziň neberämize Gün han patyşa bolsun. Onuň yzyndan ogly Gaýa han patyşa bolsun. Gaýa urugyndan han barka Baýat han patyşa bolmasyn, ol diňe öz boýuna beg bolsun»[23] diýendir. Ine, Oguz hanyň şu wesýeti boýunça Mahmyt – soltan. Seniň nesebiň hem şa nesilşalygyndan, ýöne ol nesilşalyk syndy. Soltan Mahmydyň nesebiniň kysmaty-da edil seniň nesebiň kysmaty ýaly. Kakasy Söbüktegin öz ogullaryna «Pentnama»[24] atly kitap galdyrypdyr. Men ol «Pentnamany» ençe gezek diňledim. Ine, şol kitap! – Altyndaş daşyna mahmaldan daşlyk edilen kiçeňräk kitaby Abdylmälige berdi. – Oka, hökman oka! Söbükteginiň kakasynyň adyna Bejkem Barsan diýer ekenler. Olar türkmenleriň Barshan[25] taýpasyndan eken. Barshan barjamly beg eken. Çaga-çugasy köp eken. Söbüktegin Bejkem Barshanyň üçünji ogly eken. Bejkem awa gidende oba türkmenleriň tahsylar diýilýän bir taýpasynyň adamlary dökülip, öýleri talap, oba adamlary bilen birlikde Söbüktegini hem ýesir edip alyp gaýdýarlar. Söbüktegin ýesirlikde dört ýyllap mal bakypdyr. Soň ony Heýtelä eltip satypdyrlar. Söbüktegini ilki Nasr Çäçi diýen adam satyn alypdyr. Soň ony emir Alptegin satyn alypdyr. Alpteginiň ýanynda-da Söbüktegin uly sylag-derejä ýetdi. Onuň başdan geçiren günlerini diňlände nebsiň agyrýar. Onuň ykbaly bilen deňeşdireniňde, herhal, seniňki ganymat. Ullakan gala emirlik edip otyrsyň. Hiç kim seni gul edip bazara salmady. Gün kowumyndan, şa hanedanlygyndan bolanyň üçin soltan seni, biler bolsaň, hatyralady. Saňa hoş sözlerini gaýgyrmady».

«Jürjaniýanyň baş bazarynda halwa satýan Derýa Bahramgulyny garyp düşürmek, jüt galdyrmak üçin gawşfinjli hem buruntakly iki sany halwaçy bilen agyz birikdirip, halwalaryňy arzan bahadan satyp başlapsyňyz. Birine bilkastlaýyn ýamanlyk etmek ýaramaz häsiýet. Derýa Bahramguly diýen halwaçyny men tanamaýaryn, ýöne şoňa ýamanlyk etjek bolmagyňyzy unamaýaryn».

«Altynjan atly gyzyňa: «Ýaňra bolma!» diý. «Seni Altyndaş emire äre bermeli» diýilse, seniň gyzyň: «Gul soltan bolsa-da – guldur. Gul gelip aýagymy öpse-de, şa nesebime çirk ýetirtmerin. Ondan-a abdal bezirgenine hatyn bolanym hem müň esse gowy bolar» diýýärmiş. Meniň aslym gul däl. Men hem edil siz ýaly akgunlardan. Men begzada nesebindendirin. Atam Balh şäheriniň marzbanydy, ýöne sasan şasy bolgusyz bir bahana sebäpli – ol bahananyň nämedigini men saňa doly aýdyp oturmaýyn – atamy zyndana atdy, gul bolup ýaşamak belasyndan meni kyblagähim, iki jahan serwerim, beýik soltan Mahmyt ibn Söbüktegin halas etdi. Men ömrümiň ahyryna çenli halasgärime mutyglygymy, sadyklygymy birjik-de kemmerin. Beýik Perwerdigär, goý, soltan Mahmydy öz penasynda hamdu-senalykda saklasyn!».

«Çagalaryňa üç dili öwredýärsiň, näme, şalyk özüme dolanaýar öýdýärsiňmi? Bil, uly bagtlar hiç wagt yzyna dolanýan däldir, diňe kiçi bagtlar dolanýandyr».

«Dört tirkeşleriň ikinji aýynyň bäşinde Käs şäheriniň häkimi Gazanpar bilen bagyň içinde günortandan namazşama çenli ikiçäk gürrüň edipsiň, kimdir biri ýanyňyza barjak bolsa, biçak gaharlanypsyň, kowupsyň. «Ýanymyza hiç kim gelmesin!» diýipsiň, näme, gürrüňiňiz şeýle pynhanmydy?»

«Şadranç diýen müňbaşyňy beýleki müňbaşylaryňdan gowy görmegiň sebäbi näme? Onuň bilen ogryn gürrüňleri köp edýärsiň, ony nirädir bir ýere iberýärsiň. Men onuň haýsy obadan näçe paç alandygyny, haýsy galalaryň emirleriniň üstüne azgyrylandygyny bilýändirin. Şadranç diýen müňbaşyňa aýt, indi Mätel raýisiň, Dogan raýisiň obalaryna barmasyn!»

«Görýän welin, seniň gyzyň burnuna ýel düşen bolmaly, ol Altyndaşyň ähli atly goşunyny bir ýana, aty bilen özüni bir ýana hasaplaýarmyş. Ýa, Abdylmälik, seniň gyzyň at üstünde gylyçlaşmaga şeýle ökdemi? Gyzyň hakykaty aýdýan bolsa, onda ony atly goşunyma hyýlbaşy edip gulluga alaýyn. Ha-ha-ha!»

Diňe bir emir Altyndaş däl, onuň umury istihbarat sahyby[26] hem birnäçe gezek Abdylmälik hana, esasan, Altynjan babatda duýduryş beripdi. Olar Altynjanyň üç gyzy, iki oglany urup, olara şikes ýetirendigini, urlanlaryň hossarlarynyň bir gije garaňkylykdan peýdalanyp, Altynjany özünden gidýänçä urandyklaryny bilýärdiler.

Altyndaşyň hem sahybyň sözleri Abdylmälik hanyň dünýäsini lerzana salypdy. Indi han gürlemäge gorkýardy, nämedir bir iş etmäge gorkýardy. Gijelerine gözüne uky gelmeýärdi. Hana, onuň içki harasadyny aňan Hajar hatyn adamsynyň gatap, daşa dönen ýeňsedamaryny ýumşatmak, göwnüne giňlik bermek üçin birki gije bäri şebistanyna[27] gelýär...

Ýazda emire soltan Mahmydyň buýrugy geldi: han bir tümen goşun bilen Nyşapura barmaly, ähli welaýatlaryň goşunlary hem şol ýere barar, şol ýerden Hindistana jihada ugralar.

Abdylmälik tä gyşa çenli şugulçynyň azaryndan azat boljakdygyna begendi. Elbetde, bu çykalga däl, ýöne ýaman öz pälinden tapýar, ol uzak gitmeýär. Gyşa çenli pälinden tapar. Abdylmälik han şu pikir bilen bir tümen goşun jemläp, Nyşapura, ol ýerden hem Hindistana sary jihada ugrady. Zamahşary dolandyrmagy bolsa Mansur müňküre ynandy.

Adam bende başyna düşen kysmatdan käte gaçyp gutuljak bolýar. Uzak bir ýere gitse, üns bermese, göwnüne, başyna düşen iş öz-özünden aýrylaýjak-galaýjak ýaly duýulýar, ýöne sakyrtga ýapyşan ýerinden aýrylýar, başyňa düşen kysmat welin aýrylmaýar.

Şol işi özüň düzedäýmeseň, Alla-da düzedenok.

Özüň düzedip bileňokmy, diýmek, saňa başga kysmat garaşýar.

Abdylmälik emir ähli zatdan beter durmuşynda şowsuzlygyň gopmagyndan gorkýardy...

Kakasy Bugrajyk Abdalyň aýylganç kysmaty, onuň gözgyny halda ýatyşy şol wagt sekiz ýaşynda bolan Abdylmäligiň aňynda gorky bolup galypdyr. Şol gorky onuň aňyndan aýrylmaýardy. Gaýtam, adaty bolmadyk herki zat onda gorky döredýärdi. Göwnüne bolmasa, ýakyn günleriň birinde özi, çagalary, hyzmatyndakylar öldüriläýjek, galasy otlanylaýjak ýaly duýulýardy.

Onuň häsiýetindäki gaharjaňlygy şol gorkusy sebäplidi.

## 9.

Abdylmäligiň ilkinji iki çagasy öli doguldy. Sadylla onuň üçünji çagasydy. Sadyllanyň gözi çyrçykdan açylmady, ol beden taýdan sagdyn bolsa-da, biraz myllykdy. Oturan ýeri özüniňkidi. Abdylmälik ogluna din ugrundan sowat öwretmegi ýüregine düwdi. Din hadymy bolmak üçin güýç gerek däl.

Altynjan welin sagat ösdi. Ýedi aýlykka ýöräp ugran-da bolsa, giç dil çykardy. Daýysy Tümen ýaly galjaň hem urşagan boldy.

Abdylmälik gyzynyň urşaganlygyna, dogrusy, guwandy. Ýaňy alty ýaşy dolanda oňa kiçeňräk gylyç ýasadyp berdi, nädip gylyçlaşmalydygynyň tilsimlerini görkezdi, uzak wagtlap gylyçlaşdy.

Altynjan agasy Sadyllanyň eşigini geýdi, özüniň gyzdygyny adamlardan ýaşyrmaga çalyşdy. Altynjanyň agasy Sadyllanyň eşigini geýmegini görenler geňlediler, oňlamadylar. Käbir kişiler-ä göni aýtdy: «Emir, sen gyzyňa söweş tälimlerini öwretme. Gyz maşgalanyň orny gazan-çanagyň ýanyndadyr». Emir güldi: «Gyzyma öz siňegini goramagy öwredýärin. Munda näme aýyp bar?! Kämillik ýaşyna ýeter welin, ana, şonda: «Eliňe gylyç al!» diýseňem almaz, ejap eder. Oňa çenli, goý, bekesin».

Abdylmälik Altynjana ogryn wesýet bererdi: «Gyzym, oglanlaryň haýsysy aýdanyňy etmese, göni urgun! Özem uraňda gazap bilen urgun! Goý, ikinji gezek seni görende gorkudan ýaňa titresin. Bir zat aýtsaň, dessine ýerine ýetirsin. Hiç zatdan gorkmagyn. Gorky erbet zatdyr, ol adamy göýdük edýändir». Altynjan kakasynyň pendini ýerine ýetirmäge çalyşýardy.

Ol gaýratlydy, hyjuwlydy. Bir ýerde uzak durasy gelenokdy. Onuň bolşy gyz maşgalanyňka meňzänokdy, ot ýalydy. Ýörjen-ýörjenlikde, gör, näçe gezek ýykyldy. Bir ýeri ganap dursa-da, aglamalydyr hem öýtmedi ol. Özem gaty urşagan, urmagy gowy görýär. Özünden ep-esli uly çagalaram derrew urup agladýar. Üç-dört ýaşynda ondan elheder edip ugradylar.

Altynjan öz deň-duş oglanlary bilen göreş tutup, olary uçdantutma ýykýardy. Özünden güýçlüräkleri bolsa urup agladýardy. Onuň bu bolşuna Abdylmälik heziller edýärdi, gyzynyň öz deň-duşlaryny urmasyndan lezzet alýardy.

Abdylmälik emiriň hasaby boýunça on iki-on üç ýaşa ýetende Altynjan çaga kakabaşlygyny goýmalydy. Ýöne ol on üç ýaşda-da, on dört ýaşda-da kakabaşlygyny goýmady, gyz eşigini geýmelidigi hakda aýdylsa, utanyp, dym-gyzyl bolýardy. Bir gün ertir Abdylmälik han agasynyň eşigini geýen Altynjana «Öz eşigiňi geý! Sadyllanyň eşigini alan ýeriňde goý!» diýip azgyrylanda, gyzyň uzynly gün aglap oturanyny gördi. Iki günden soň, görse, Altynjan şol öňki oturan ýerinde şindem aglap otyr. Ony ejesem, doganlaram köşeşdirip bilmedi. Ana, şondan soň Abdylmälik han hötjet gyzyna ýagşydan-ýamandan käýemesini goýdy. Näme aýtmak islese, Altynjanyň ejesine aýtdy. Gyzynyň özünden öýkeläp iki günläp aglamasyny Abdylmälik han hiç akylyna sygdyryp bilmedi. Ol gyzynyň bäş ýaşyndaka Arsahuşmisen bazarynda kellesi kesilen aýalyň saçlaryny ýylana meňzetmesini-de akylyna sygdyryp bilmändi.

Han ogullaryndan arkaýyndy, gyzynyň täleýi welin ony howsala saldy. Bu howsalasyny hiç kime aýdyp-da bilmedi. Göwnüne bolmasa, Altynjan hiç kimsäniň akylyna sygmajak bir ýowuz etmiş edäýjek ýalydy. Han, ana, şol ediljek ýowuz etmişden juda gorkýardy.

## 10.

Geçen ýyla çenli Abdylmäligiň öýünde üç atabeg bardy. Üç atabegiň hersi emiriň çagalaryna bir dili – arap, pars hem ýunan dillerini öwredipdi, olaryň üçüsem üç dili suwara bilýärdiler. Atabegleriň sahyby Omar emiriň çagalaryny arap dilinden okadypdy. Atabegler bilen baglanyşykly mesele ýüze çyksa, emir diňe Omardan soraýardy.

Geçen ýyl emir atabegleriniň Omardan özgesini Altyndaşyň islegi boýunça köşge ugradypdy. Emiriň Omary öýünde alyp galmasynyň sebäbi bir ýa ikiden köpdi. Omar indi diňe bir emiriň çagalarynyň atabegi däl-de, nedimidi[28] hem. Ol emiriň-de nedimidi. Ol emiriň hajybydy, Mansuryň kömekçisidi. Emiriň islegi boýunça Omar atabeg Sadylla dagy bilen bir hepde ýunan dilinde gürleşse, soňky hepde arap dilinde gürleşýärdi, ondan soňky hepde bolsa pars dilinde gürleşýärdi. Emiriň çagalary, atabeg berk talap edensoň, öz aralarynda-da başga dilde gürleşýärdiler. Olaryň başga dilde gürleşmelerinden käteler Hajar hatyn, gapydan Mansur kösenmek kösenýärdiler.

Abdylmälik emir çagalaryna begzada terbiýesini[29] berýärdi, şa çagalary ýaly okadýardy, şa çagalary ýaly hiç bir zadyny kem etmän iýdirip-içirýärdi, geýindirýärdi. Üns bermeýän ýaly bolup ýörse-de, Omar atabegden her gün çagalary hakda hasabat alýardy. Ol çagalarynyň erkin ulalmaklary, döwrüň pähimdar, baý adamlary bolup ýetişmekleri üçin yhlas edýärdi. Olaryň sowatly bolmaklary üçin puluny-da, wagtyny-da, gaýratyny-da gaýgyrmaýardy. Uly ogly Sadyllany Arsahuşmisen şäheriniň medreseleriniň birine okuwa ýerleşdirmek emire o diýen müşgil däldi, ýöne ony Jürjaniýa äkidip, iň atly medreseleriň birine fykh[30] ugrundan okuwa ýerleşdirdi. Her gezek Altyndaşyň ýanyna hasabata baranda Abdylmälik bir gije ogly Sadyllanyň ýanynda bolardy.

Abdylmälik han käteler çagalaryny daşyna üýşürip, olara öwüt-ündew geçýärdi. Onuň öwüt-ündewi, köplenç, batyrlyk hakda bolýardy:

– Hiç zatdan gorkmaly däl. Batyr bolmaly! Gorkaklyk – göýdüklik, batyrlyk – myradyňa ýetmek! Men hiç zatdan gorkmaýaryn, siz hem meniň ýaly batyr boluň! Gorkaklyk biziň neberämize ýatdyr!

## 11.

Emiriň on üç-on dört ýaşlaryndaky Altynjan atly gyzy hakdaky gürrüňler, çynaberimsiz, badyhowa rowaýatlar il içinde aýsaýyn möwç alýardy. Özüne göwni ýetýän goç ýigitler Altynjanyň sahypjemalyny görmek üçin ýöriteläp Zamahşara gelýärdi.

Altynjan hakdaky rowaýatlar dürli-dürlüdi. Olarda emiriň gyzy özüne imrindirijiligi bilen men-men diýen ýigitleriň agzyna siňek gondurýardy. Ol rowaýatlaryň galabasy Altynjanyň owadanlygy hakda däl-de, onuň taýsyz batyrlygy, güýjüniň deňsiz-taýsyzlygy, şemşerli[31] söweşmäge ussatlygy, dünýäniň ýetmiş iki diline suwaralygy hakyndady. Söwdada aldanan käbir adamlaryň haklaryny kezzap täjirlerden yzyna alyp berendigi, nähak ezilenlere howandar çykandygy, Yspyhan, Merw, Bagdat ýaly uly-uly şäherlere uçup gidip, günin dolanyp gelip bilýändigi hakda bir görseň ertekä çalym edýän rowaýatlary adamlar rawydyr bagşy diňlän ýaly bolup diňlärdiler. Şol rowaýatlary diňlän ýaş ýigitlerde gudratly hem owadan Altynjan atly gyzyň didaryny birje ýola görmek sapasy döreýärdi.

Ol gyzy nädip duluňa geçirip bolar? Duluňa geçirmek üçin, belki, Abdylmälik hanyň, belki-de Altynjan gyzyň şerti bardyr?! Nähili şert bolsa-da, bagtyny synaga salmaga töwekgel ýigitler bardy.

Altynjan özi hakdaky waspa mynasyp sahypjemal gyzdy. Belki, bir ýerlerde Altynjan ýaly görk-görmekli gyz barsa bardyr, ýöne onuňky ýaly sustuňy basyjy peýkerdir keşmer hiç gyzda ýok bolsa gerek. Altynjanda bir artykmaçlyk bardy. Ol artykmaç-lyk onuň peýkerindedi, jadyly ala gözlerindedi. Onda sustuňy basyjy bakyş bardy. Özem ol bakyşda ulamalaryň pähim-parasady, hökümdarlaryň hökümdarlygy bardy. Seni etmişiň üçin ýazgarýan atabegiň nägileligi, merdana gahrymanyň buýsanjy bardy. Altynjan bu panyýa hatyn bolup ýaşamak üçin däl-de, äleme hökümdarlyk etmek üçin inen ýalydy.

Altynjanyň ýüz keşbinde haýbatly hökümdarlyk keşmeri on iki-on üç ýaşda has äşgär duýuldy. Onuň mähir-muhabbetli ala hem talapkär gözleriniň, haýbatly hökümdarlyk keşmeriniň öňünde erkek kişi bolup durmak aňsat däldi.

– Wa daryg-a, wala[32], Hudaýtagala weledanlaryny[33] ymgyr ileri tutýar: özüniň bir erkegi üçin şeýle owadan gyzy dünýä inderipdir. Bu hüýrjemal gyzy erkek kişä dözer ýaly däl-ä. Eliňi degirmäge dözer ýaly däl, ýöne seredip oturmaly perizat bu – diýip, Gülýüzli atly akgyz[34] käteler Altynjana bakyp ah urardy. – Wa weýleta, seniň diňe ýörişiňi kyrk gyza çalyşjak däl-ä men.

– Arkaýyn bolaý, men äre çykmaryn.
– Wa daryg-a, wala, men ýigit bolan bolsam-a bökerdim üstüňe, «Ýa meniň hatynym bol, ýa al meniň janymy harladyp» diýip – diýip, akgyz odanardy.
Hakykatdanam, Altynjana seretseň, Allatagalanyň erkek kişileri biçak eziz görýändigini duýýardyň. Onuň akýagyz ýüzi buldurap durdy. Ol ýüz biçak terdi, biçak owadandy. Çalaja ýylgyranda çep ýaňagynda emele gelýän çukanajyk oňa hasam owadanlyk berýärdi. Akgyz bu çukanajygy weledanlary bendiwan etmek üçin Haktagalanyň guran gapany hasaplaýardy.

**12.**

Howlynyň çep tarapyndaky göz-göz otagly haremhananyň birinji otagynda Altynjanyň akgyzy Gülýüzli, ikinji otagda bolsa Altynjanyň özi bolýardy, üçünji otag Altynjanyň ejesi Hajar hatynyňkydy. Altynjanyň şebistany uludy, ýagtydy. Ýere dört-bäş gat haly düşelgidi. Işikden gireniňdäki çep diwarda keşdeli sandyklar hataran goýlupdy. Ol sandyklar mundan bir aý öňem sekiz sanydy. Häzir olaryň sany on dörde ýetipdir. Sebäp, geýim-gejimleri, goş-golamlary sekiz sandyga sygmandan soň, Altynjanyň kakasynyň buýrugy bilen gowy agaç sandyklary ýasamakda Horezminde at alan netjar Haýdara alty sany sandyk ýasadypdy.
Şebistanyň töründe ini alty, boýy on iki zirag bolan sypa ýerleşýärdi, ol ýerden bir zirag çemesi ýokarydy. Her hili reňkdäki atlaz matadan edilen ýorgan-ýassyklar içerä özboluşly gelşik berýärdi. Sypanyň çar ýanyndan petige berkidilen, aňrysy görnüp duran ýukajyk ak kumaş asylgydy. Altynjan üç-dört ýyl bäri şu sypada ýatýardy.
Ol säherhyzdy, her agşam irgözin düşegine geçýärdi. Aladaňdandan soň asyl gözüne uky gelmeýärdi. Şeýle bolansoň, ol köplenç ýuwaşlyk bilen baryp, ejesiniň ýorganyna girýärdi. Her hili gürrüňler bilen, her ýerinden hürsekläp, ejesini ukudan oýarýardy.
Altynjan jahan çala ýagtylyp-ýagtylmanka kakasy ýaly aýak üstünde bolmagy gowy görýärdi. Akgyz sabada gymyz sagyp, gyzgynja gymyzdan bir şakäsäni dolduryp Altynjana getirip bererdi. Melikesiniň ýanynda oturyp, onuň gymyzy içip bolaryna garaşýardy. Şondan soň Gülýüzli Altynjanyň owsun atýan saçyny darardy.
Altynjan şadyýan gyzdy. Degişmegi-gülüşmegi gowy görýärdi. Ol mydama akgyzyna «Köp gürleýärsiň» diýip igense-de, ol gürlemese içi gysardy.
Oguzlaryň begzada nebereleriniň gyzlaryna öwredilýän zenan edepleri bardy. Onda gysgajyk ädimler bilen keýik deýin keýerjekläp ýöremek, näzik, inçe ses bilen gürlemek, mylaýym, guş dili bilen erkek kişileriň ýüreklerini gobsundyrmagy başarmak öwredilýärdi. Erkek kişilere haýsy sözleriň hoş ýakýandygy, olar bilen gürleşilende haýsy sözleri aýtmalydygy-da öwredilýärdi. Altynjan «Oguz begzadalarynyň gyzlarynyň edebi» atlandyrylýan sapagy diňlemekden kes-kelläm ýüz öwürýärdi. «Men weledanlara ýaranmak üçin ýörişimem, gürleýşimem üýtgetjek däl. Weledanlaryň gowy görýän sözlerinem öwrenjek däl. Goý, olar maňa hoş ýakjak sözleri, edepleri öwrensinler. Men diňe söweş tilsimlerini, göreş tilsimlerini öwrenjek. Hanjary nyşana atmagy öwrenjek» diýip tekepbirlik etdi.
Abdylmälik emir gyzynyň bu batyrlygyny, tekepbirligini gowulyga ýorup, onuň bilen öz ýanyndan ylalaşdy, ýöne sesini çykarmaýardy.
Altynjan köp wagty atabegiň ýanynda geçirdi. Ondan ylym-bilim öwrenmäge çalyşdy. Atabeg başda Altynjana ylym-bilim, daşary ýurt dillerini öwretjek bolup köp jan çekmedi, onuň bar aladasy Habyl bilen Kabyldy. Altynjan ejesine arz etdi, soň Mansura arz etdi. Barybir, atabeg öňki bolşuny o diýen bir üýtgetmedi. Şeýle bolansoň Altynjan atabege garşy uruş yglan etdi: gije baryp, onuň ýatan düşegine bir küýze suw döküp gaýtdy, köwşüniň bir taýyny gürüm-jürüm etdi, onuň iýmeli naharyna ogrynça kä galampyr, kä zäk atdy. Atabegiň eden «bolgusyzlyklary» köpeldi: ol bişip duran gazany düňderip gaç-ýar. Teblehanadaky atlary çykaryp goýberýär. Bagyň dowçalaryny ýygyp, elguşlaryň öňüne dökýär. Abdylmälik hanyň gowy görýän hytaý çäýnekleriniň ýigrimi sanysyny döwüp, dalana zyňypdyr. Ähli bolgusyzlyklary eden Omar atabeg. Onuň edendigi hakykat, çünki ony Altynjan görüpdir. Diňe Altynjan däl, Altynjanyň kenizem görüpdir. Habylam, Kabylam görüpdir. Gören kän. Altynjan yzyna birtopar oglan-gyz tirkäp getirýär. Olaram hakyt görüpdirler. Atabegiň «bolgusyzlygy» nädip edendigine, nädip durandygyna, soň haýsy tarapa gidendigine çenli takyk aýdyp otyr olar. Gören adam takyk biler-dä!
Biri hötjet bolsa, Omar hötjetdi. Üç dili hem hötjetliginiň hasabyna öwrenipdi. Ýöne onuň hötjetligi Altynjanyň hötjetliginiň ýanynda gara şaýa-da degmeýän bolsa nätjek! Hötjetliginiň ýol almajagyny bildi görgüli. Onsoň Altynjan bir zat sorasa, islese-islemese, jogap bermeli boldy. Özem jogap bereniň bilenem bolaýanok, Altynjanyň göwnünden turmaly. Garasaý, Altynjan doganlaryndan öňe omzady. Kabyl bilen

Habyl atabegiň Altynjana sapak geçişine öwelişip seredip oturdylar. Meýdanda serkerdelik hem söweş tälimleri öwrenilende-de Altynjan doganlaryndan öňe düşdi.

Doganlarynyň hiç birisiniň hem Altynjan bilen dawa edesi gelenokdy. Sebäp Altynjan sähel zat üçin gyzylýumruga girmegi hiç zatça görenokdy. Doganlarynyň içinde Altynjandan almytyny almadygy-da ýokdy. Asyl, uranda agyrar, yzy erbet bolar diýen pikir ýok onda. Ata-baba köýüp ýatan ary bar ýaly, bar güýjüni jemläp, şeýle bir hykyldadýardy welin, ýumrugy degen ýerini böwsüp aňrysyna geçäýjek-geçäýjek bolýardy. Hudaý saklasyn! Iň gowusy, onuň gaharyny getirmezlik!

Altynjanyň gaharjaňlygy, gyzmalygy kakasynyňka meňzeýärdi. Abdylmälik han hem sähel zat üçin gaharlanyp, gör, näçe gezekler Hajar hatyny urdy! Gör, näçe gezekler ogullary Sadyllany, Kabyly, Habyly urdy! Han uransoň, olar bir hepdeläp, käteler ondanam köp wagtlap ýerlerinden galyp bilmän ýatardylar.

Altynjan hem edil kakasy ýaly rehimsizdi. Ol on iki ýaşynyň içinde zamahşarly üç sany gyzyň, iki sany oglanyň käsiniň elini, käsiniň aýagyny döwdi, käsiniň ýüzünde tyg yzyny galdyrdy. Olary näme üçin şikes salyp urandygy hakda kakasy gyssap soranda, Altynjan anyk jogap bermedi. Şeýle-de bolsa, han gyzynyň biçak gaharyny getiren syryň nämedigini çak edýärdi hemem gyzyny öz ýanyndan oňlaýardy. Hut şonuň üçin ol gyzyna käýejek hem bolmandy.

Altynjan üç gyz bilen iki oglana şikes salyp urandygy üçin birjigem ökünmeýärdi, gaýtam, özüni geçirimlilik eden hasaplaýardy. «Ikinji gezegem şol sözleri aýtsalar, onda men olary hökman öldürerin» diýip, ol gazaplanýardy.

**13.**

Altynjan eden işi üçin özüne kast ediler öýtmändi. Sebäbi ähli kişini ol kakasyna garaşly hasap edýärdi.

Galadaky ähli ýaşaýjylara Altynjanyň kakasy tötek berýär. Eger tötek, ýegesi bermese, olar aç öler. Olary iýdirip-içirip ýören adamyň gadyryny bilmeli! Abdylmälik hana hormat-gadyr goýmaly. Çagama şikes ýetdi diýip ar aljak bolmaly däl!

Haýp, Altynjanyň pikir edişi ýaly bolmady.

Alagaraňky gijeleriň birinde Altynjan ýerli oglan-gyzlar bilen daşarda gizlenpeçek oýnap ýördi. Şonda iki sany gara Altynjanyň üstüne towusdy. Olar onuň çem gelen ýerine urmak urdular.

Iki garanyň ellerinde daş bar eken. Olar Altynjany tä özünden gidýänçä urdular.

Garaňkylykda özünden giden Altynjany agtaryp tapmadylar.

– Altynjan! Altynjan! – diýip, garaňkynyň içinde Habyl bilen Kabyl, Mansur bilen Omar, Babyr bilen Dowguş ony agtarmak agtardylar.

Jahan ýagtylanda özüne gelen Altynjan:

– Akgyz! Akgy-yz! – diýip gygyrdy.

Mirşepler ylgap geldiler. Derrew Altynjanyň düşen ýagdaýy hakda emire habar berdiler.

Altynjanyň ýagdaýy gaty agyrdy. Ol bir aýlap düşekden galyp bilmän ýatdy. Onuň synalarynda şikes ýetmedik ýeri ýok diýen ýalydy.

Altynjan ähli şikesleriň içinden çep çekgesiniň üstünden salnan şikese gynanýardy. Onuň özünden gitmegine-de çep çekgesine daş bilen urulmagy sebäp bolan bolsun gerek.

Tümen daýysynyň beren aýnasy bilen ol zol-zol ýüzüne seredýärdi. Göwnüne bolmasa, ol ýara ömür aýrylmajak ýalydy.

Abdylmälik emir gyzyny uran adamlaryň kimlerdigini anyk bilmese-de, çak edýärdi.

Ol dawanyň ula ýazmagyndan ätiýaç edip, hiç kime hiç zat diýmedi.

Altynjan welin zol-zol özüne kast edenleriň kimlerdigini anyklamagy Mansurdan talap edýärdi. Naýyp söz berýärdi, ýöne sözüň yzy gelenokdy.

Altynjan kakasyna ýüzlendi:

– Baba[35], meni uranlar kimler?! Näme üçin olar şindem belli däl? Men çak edýän olaryň kimlerdigini! Aýaga galsam, men olaryň gözlerinde ot ýakaryn!

– Gyzym, hiç kime hiç zat diýme! Bu dünýäde bihasap zat ýok. Her kim edenini görmeli dünýä bu. Allatagalanyň islegi şeýledir. Senem urduň-a olaryň çagalaryny!..

**14.**

Altynjanyň ýagşy hulklary köpdi. Iň esasysy, ol öz galasynyň oglan-gyzlaryny goňşy galalaryň, obalaryň urşagan oglanlaryndan döş gerip goraýardy.

Zamahşaryň oglanlary goňşy galalaryň, obalaryň oglanlary bilen topar-topar bolup urşardy. Ana, şonda goňşy obanyň, galanyň oglanlary zamahşarly oglanlara gyjyt bererdiler: «Hä, günüňiz şuňa galdymy? Hany, sizde erkeklik namysy ýokmy? Bir naçaryň arkasyna bukulmaga utanaňzokmy?», «Belki, sizem heleýsiňiz?!»

Aýratynam galanyň aşak tarapyndaky Buruntak obasynyň oglanlarynyň dili şerebelidi. Şeýle bolansoň, Altynjan garşydaşlarynyň ünsüni çekmezlik üçin Sadyllanyň eşigini geýmäge mejbur bolýardy.

Oglanlaryň topar-topar bolup uruşmalarynyň yzy tükenmeýärdi. Her aýda iki-üç gezek uruşmaly bolýardy. Şonda Altynjan kyrk sany zamahşarly oglana baş bolýardy. Olara köplenç çiltenler[36] diýerdiler.

Ýumruklaşyp başlananda ol hiç kimseden kem däldi, gaýtam, ähli deňi-duşundan ökdedi. Çünki ol uruşmagyň tilsimlerini bilýärdi. Onsoňam rehimsizlik bilen uruşýardy. Soňky darkaş – mundan alty gün öň Janahyr halwaçynyň Iman diýen ogly bilen boldy. Imanyň yzynda altmyşdan gowrak oglan bardy. Altynjan dagy bolsa çiltendi. Uruşmaga sebäp bolan zat – Iman Kabylyň ýanynda özüni ulumsy alyp barypdyr, sadyklyk etmändir. «Näme üçin buruntaklylar zamahşarlylary görende egilip tagzym etmändirler?! Iman: «Egilip tagzym etdim» diýýär. Kabyl: «Edenok!» diýýär, ol ýalan sözlemez ahyryn.

Üýşüp bardylar. Buruntaklylaryň öňem gözleriniň otlary alnan. Barybir, uruşdylar. Uruşda çiltenler altmyş buruntaklydan rüstem geldi. Ýeňlen altmyş buruntaklyny hataran durzup urmak urdular. Altynjan Imana ýer bagyrtlap ýatmagy buýurdy, özem ýedi gezek ötünç soratdy.

Zamahşarlylar näme buýursalar, buruntaklylar soňky gezek sadyklyk bilen ýerine ýetirdiler.

Altynjan dagy Buruntaga bir gün öňem gelipdiler. Onda Palta diýen kişini urupdyrlar. Sebäbi Palta Altynjanyň jorasy Balnäziň kakasynyň münüp barýan ýabysyna göwnüýetmezlik edipdir.

Zamahşarly oglanlar bir hakykata göz ýetiripdiler. Olar darkaşa Altynjansyz çykan gezekleriniň ählisinde wejera bolup ýeňildiler, uruldylar. Altynjan barka welin – haýran galaýmaly – ýeke gezegem ýeňilmändiler.

Buruntak obasynyň kethudasy Janahyr Geçdeki Abdylmälik emir bilen ýegana dost. Ol, gör, näçe gezek emiriň ýanyna zamahşarly oglanlaryň eden-etdiliklerinden arz edip geldi, ýöne ýeke gezegem Altynjanyň ady tutulmady. Näme üçin? Sebäbi Altynjan Sadyllanyň eşigindedi. Wah, erkek eşigini geýende-geýmände buruntaklylar onuň kimdigini magat bilýärdiler, ýöne «Bizi gyz urdy» diýmek olar üçin masgaraçylyk boljakdy. Şonuň üçin hem ol hakda hiç zat aýtmaýardylar. Gürrüň zamahşarly çiltenler hakda giderdi.

Dogrusy, Altynjan darkaşdan çäksiz lezzet alýardy, ýöne ulaldygysaýyn ýumruklaşmalar oňa lezzetsiz duýuldy. On iki ýaşdan soň, ol ýumruklaşmagy däl-de, ýataganly[37] darkaşy has gowy gördi, has uly darkaslara gatnaşmak isledi, doganlary bilen her gün ýataganda güýç synanyşdy. Özem bir dogany ýadasa, ikinjisi bilen, ikinjisi ýadasa, Anuşirwan bilen gylyçlaşmaga başlady. Doganlary, Anuşirwan dagy gylyçlaşmak islemese, olara ýalbarmak ýalbarýardy, olary özi bilen darkaş gurmaga razy edýärdi. Dogrusy, käteler haýbat atýardy. Olary zorluk bilen türgenleşik geçmäge mejbur edýärdi. Özem ol gylyçlaşanda gaty rehimsizdi. Garşydaşynyň bir ýerinden gan çykarmasa, aňsat-aňsat rahatlanmaýardy.

Oýnagyň gylyçdyr ýatagan bolsa, betbagtlyk alysda däl. Şol gezek hem Habyl darkaşmak islemeýändigini telim ýola aýtdy. Ýöne, barybir, ony Altynjan gününe goýmady. Habyl göwünli-göwünsiz eline ýatagan aldy, goranan boldy.

Bar zat göz açyp-ýumasy salymyň içinde bolup geçdi. Altynjanyň ýataganynyň ujy sähel aşak egilen Habylyň görejine gürsüldäp çümdi. Habyl «Waý» diýip çirkin gygyrdy. Altynjan ýataganynyň ujuny gözden azarsyz almak üçin towlap özüne çekdi. Wa daryg-a, towlamaly däl eken: göreç iki bölek bolup patlap ýere gaçdy. Habyl elindäki ýataganyny ýere taşlady, agyrysyna çydap bilmän gygyrdy.

– Gygyrma, ýerine goýup berjek häzir! – Altynjan Habylyň waweýla eýlemegine, elindäki ýataganyny ýere taşlamasyna gahary geldi, ony düýt-müýt edäýerli göründi, ýöne gözden çogup akýan gany görüp, inisiniň çirkin-çirkin gygyrmasynyň ýöne ýerden däldigine, telek iş edendigine, guma bulaşyp ýatan gözi indi ýerine goýup bilmejekdigine biraz düşündi.

Altynjan dokuz ýaşyna çenli gorky diýen zadyň nämedigini bilmän ýaşady. Ýöne dokuz ýaşa gadam urup, ýedi ýaşly jigisi Habyly bir gözünden mahrum edip, gorky duýgusyny başdan geçirdi. Altynjan bir hepdeläp ýeke döwüm çöregem iýmedi, uzynly gününi hem uzynly gijesini Habylyň başujunda oturyp, gözýaş döküp geçirdi. Her edip, hesip edip Habyla ýaranmaga çalyşdy. Ol doganyň ýürege nähili ýakyn bolýandygyny duýdy. Şu waka hem Abdylmälik hana Omar atabegiň islegini kanagatlandyrmaga – «Altynjana ýeterlik gözegçilik etmändigi üçin» Uzperini akgyzlykdan kowmaga bahana boldy. Görgüli daldaw istäp Omara ýüz tutupdy. Kowduryýanyň Omar atabegdigini ol bilmese näme!

Altynjan on iki ýaşynda berdaşly, uzyn boýly bolansoň, atyň üstüne bir bökende münüp bilýärdi. On üç-on dört ýaşlarynda bolsa, ol çapyp barýan atyň üstüne böküp münmegi-de öwrendi. Ol at üstünde gylyçlaşmagy, Jeýhun derýasynyň jülgesinde at çapdyrmagy biçak gowy görýärdi.

Derýa Zamahşaryň gapdaljygyndan geçýärdi.

Bu ýeriniň derýa howasy, derýanyň şogurdap akyp durmasy, onda her hili balyklaryň aşyrym atyp görünmeleri, tokaýda bilbilleriň saýramalary Altynjanyň göwnüne hoş ýakýardy. Guşlaram, balyklaram, suwam, tokaýam oňa ýaranmak üçin yhlas edýän ýalydylar. Göýä bu ýere Altynjanyň göwnüni awlamak üçin Berbed Merweziniň[38] şägirtleri ýetmiş iki saz guralyny çalýan ýalydylar. Bu sazy diňläp ganar ýaly däldi, diňledigiňçe diňläsiň gelýärdi. Göýä bu mukamda Berbediň üç ýüz altmyş mukamy jemlenen ýalydy.

Derýanyň aňyrsy-da – sagy-da, soly-da giden tokaýlykdy. Derýadan aňyrda – gündogarda onuň babasy, mamasy, Tümen daýysy ýaşaýardy. Altynjan olaryň ýaşaýan ýerlerindäki tokaýlykda bolup görüpdi. Ol ýerde köp-köp keýikleriň bardygyny-da bilýärdi. Altynjan günbatar tarapdaky tokaýlykda welin entek gezelenç edip görmändi. Şonuň üçin bolsa gerek, onuň şol ýeriniň tokaýlygynyň içinde ýöräsi gelýärdi. Ýöne derýa jülgesi soňky döwürler hatarly-howply hasaplanýardy. Rehimsiz alamanlar barmyş. Olar sähelçe zat üçinem adamlary öldürýärmişler. Entek şol diýilýän rehimsiz alamanlar Zamahşar galasynyň golaýyndan-a gelenoklar, bar bela-beter gaýrada – derýadan aňyrda, Heýtelede, ýöne günleriň bir güni geläýmekleri gaty mümkin olaryň, belki, şu gün geler?!

Abdylmälik han Altynjanyň heder edýän şol alamanlaryny jezalandyrmak üçin ýörite atly topar döredipdi, topara alamanlary rehimsizlik bilen gyrmagy tabşyrypdy. Alamanlaryň dörändigi, kä kerwenleri, käte obalary talaýandygy hakdaky habar Ürgenje – Altyndaşa-da ýetipdi, ol öz adamlaryna alamanlary ýok etmegi özüniň umury emeniteti şähri[39] boýunça sahybyna berk tabşyrypdy.

Abdylmälik han ekizlerini, gyzyny ýanyna çagyryp, olara galadan çykmazlygy berk tabşyrypdy, çünki ol çagalarynyň şol alamanlara gabat gelmeginden heder edýärdi... Kakasynyň sözlerinden soň Altynjan galadan çykmasyny ýygjamlatdy. Sebäbi ol parahat durmuşdan ýadapdy. Göwni darkaşlary, üýtgeşik-üýtgeşik ahwalatlary küýseýärdi.

Ol Däli Domrul deýin, özüne garşy çykyp biljek garşydaşa sataşmak isleýärdi.

Ýa ähli kişi Altynjança ýokmuka, ondan ejizmikä?!

Belki, Däli Domrul-da, Rüstem Zal-da Altynjança ýokdur?!

**16.**

Anna güni Mansura goňşy Buruntak obasyndan ýowuz habar getirdiler. Bu habary naýyp dessine hana ýetirdi:

– Emir, Buruntak obasyndaky dostuňyz Janahyr halwaçynyň ogluny öldüripdirler.

Abdylmälik han uludan demini aldy. Ol nädip uludan demini almasyn, alada galmasyn?! Ol sebitiň hany ahyryn. Bu sebitiň asudalygy üçin, ilki bilen, jogap bermeli adam – Abdylmälik han. Bir bolmasyz iş bolsa, ony Abdylmälik handan sorarlar. Han derejesini sebiti parahat, asuda sakla diýip berdiler oňa. Ondan: «Näme üçin seniň tabynlygyňdaky sebitde parahatçylyk ýok?! Alamanlar nireden döredi? Näme üçin olary tutup jezalandyrmaýarsyň? Ýa bu habaryň soltanata ýetmegini isleýärsiňmi?» diýip sorarlar.

– Kim öldüripdir?

– Entek kimiň öldürendigi anyk däl, ýöne Janahyr halwaçynyň ogluny öldüren kişini gören adamlar bar...

– Derrew kimdigini anyklaň! Kim öldüren bolsa, Oguz hanyň wesýeti boýunça jezasyny beriň [40], başyny kesiň, goý, görene göz, eşidene gulak bolsun.

– Wa-weýla, şaýatlaryň sözüne ynanar ýaly däl, hökümdarym. Sadylla duşenbede Ürgenje okuwa gitdi, şondan bärem ol Zamahşara gelenok.

– Sadyllanyň näme dahyly bar?

– Şaýatlar: «Janahyr halwaçynyň ogluny Sadylla ýaý bilen atyp öldürdi» diýip, heňe gelmejek gürrüň edýärler. Sadyllanyň atam duşenbeden bäri teblehanadan çykarlanok. Elbetde, ony Altynjan sähel salym gezdirip geldi...

Mansur gapydan soňky sözüni aýtmadyk bolanda emir şaýatlary töhmet atandyklary üçin jezalandyrjakdy. Ýöne işigagasynyň soňky sözünden soň ol dymmak dymdy.

Altynjan geçip barýan kişini gep-gürrüňsiz öldüräýermikä? Nä-me üçin?

– Ine, Janahyr halwaçynyň oglunyň arkasyndan sogrulyp alnan peýkam – diýip, Mansur gara gana boýalan peýkamy hana uzatdy.
– Mundan tutaryk bolmaz. Biz bu peýkamlary ähli ýere satýarys.
– Dogry aýdýarsyňyz, onsoňam...
– «Onsoňamyň» näme?
– Buruntaklylaryň aýtmagyna görä, hökümdarym, Iman peýkamdan-a ölmändir.
– Onda nämeden ölüpdir?
– Tebip peýkamy çykaryp, bir derman çalypdyr. Ana, şol dermandan soň peýkamyň çümen ýeri gyzaryp eşen örüpdir, çişipdir. Soň onda gijelewük döräpdir, dört günüň içinde-de gaşanyp-gaşanyp ölüpdir görgüli.
Abdylmälik han ýegre dostuna gynanç bildirmek üçin Buruntaga ugrady. Göz atuwyndan welin, näme üçindir, eli ok-ýaýly Altynjanyň haýbatly keşbi aýrylmady.

* * *

Wah, Janahyr halwaçynyň ol görmegeý ogluny Altynjanyň öldürmek niýeti ýokdy. Onuň ölüm hakda entek doly düşünjesem ýokdy. Entek ol ölinem görmändi.
Altynjan kenizi bilen süýji hyýallar ummanynda ýüzüp Jeýhunyň kenaryndan gala sary gelýärdi. Ýolda Iman göründi. Megerem, jansyzy[41] bolsa gerek, onuň yzynda bir atly ýigit bardy. Iman hem nämedir bir zadyň pikirini edip gelýän bolarly, ol başyny galdyryp Altynjana seretmedem, Taňry salamynam bermedi.
Altynjan özüne seredilmegini, baş atylyp, tagzym edilmegini isleýär. Altynjan Imana: «Eý, oglan!» diýip gygyrdy. Iman oňa jogap bermedi. Hawa, hawa, hakyt jogap bermedi! Onsoň Altynjan Imany özüne bakdyrmak, hawa, bary-ýogy özüne bakdyrmak niýeti bilen ýaýyna ok saldy-da, atyp goýberdi. Wessalam! Başga eden ýekeje zadam ýok onuň. Ol şeýlekin atyp goýberdi.
Altynjan mydama agasy Sadyllanyň eşigini geýip ýörensoň, oňa: «Sen hakyt Sadylla» diýýärler. Diýmek, Altynjan hakyt Sadylla bolýan bolsa, näme üçin Abdylmälik hanyň tabynlygyndaky sebitde ýaşaýan bir halwaçyjygyň oguljygy hanyň uly ogluna – Sadylla bege tagzym etmeli däl? Ä? Tagzym etsin-dä. Etmese, boljagy ölüm bolmaly bolar-da.
Altynjan gözlerine ynanmady: ok arkasyna çümensoň Iman arkan gaýtdy, aýagy üzeňňide bolansoň, aty o görgülini süýräp zut äkitdi. Altynjan doňan ýaly bolup galdy. Gülýüzli birden hünübirýan aglamaga başlady. Altynjan: «Bes et agyňy! Ýogsam öldürerin!» diýip oňa azm urdy. Akgyz görgüli özüne erk edip bilmän, sandyrap ýöne bagyrdy durdy. Onuň agysyndan erbet bir iş edendiginiň wehimi Altynjany gaplap aldy, ol hem gorkup ugrady.
Altynjan akgyzy nädip köşeşdirjegini bilmän odandy. Birdenem şeýle galagoply pursatda adamyň erkini eline almak hakdaky «özünden beter bolmak» tilsimi ýadyna düşdi, şol tilsimi ulanmagy makul gördi, onda başga çykalga bolmasa näme?
– Men ölýärin, razy bol, Gülýüzli – diýip, Altynjan atdan özüni aşak goýberdi. Gumaksy ýoluň üstünde gözlerini ýumup esli salym ýatdy.
Waweýleta eýläp duran keniziň sesi tapba kesildi. Ol gözüniň ýaşyny sylyp, Altynjana ýiti-ýiti seretdi, soňam onuň ýanyna geldi. Sandyraýan elleri bilen melikesiniň elinden çekdi:
– Melikäm, aý, melikäm! Size näme boldy? Meni taşlamaň, melikäm! Ýalbarýaryn. Niräňiz agyrýar, melikäm?! Size bir zat bolsa, meni bigüman öldürerler.
Altynjan akgyzyň biraz elewremegine pursat bermek üçin, gozganman ýatdy. Biraz salymdan soň akgyzyň hälki Imany unudyp, bar aladasynyň özüne gönügendigini duýubam, ýerinden turdy.
– Demiň çykmasyn! Eşidýärmiň, demiň çykmasyn!
– Düşündim, melikäm, düşündim. Demim çykmaz meniň, çykar ýaly, mende dem-de ýok – diýip, Gülýüzli ýetişibildiginden mydyrdady.
Altynjan eden etmişinden gorkmak gorkdy. Ýaşadygyça onda gorky artyp gidip otyr. Ol ilkinji gezek Habylyň gözüne ýataganyň ujuny sünjende gorkupdy. Wah, ol üç gyzy, iki oglany hem şikesli edipdi ahyryn! Indem Janahyr halwaçynyň ogluny öldürdi, onuň çirkin sesi, atyň gapdalynda süýrelip barşy teý ýadyndan çykanok. Bu etmişleri üçin Hudaýtagala ony jezalandyrman-a goýmaz. Hökman jeza berer.
Altynjan ýigrimi ýaşlaryndaky hyzmatkäri Dowguşy Buruntak obasyna ýollady: «Janahyr halwaçynyň ogly Imanyň ölendigini ýa ölmändigini anyklap gel. Eger ölen bolsa, onda ony kimiň öldürendigini anykla». «Melikäm, ony öldüripdirlermi?» «Kimdir biri Imanyň arkasyndan peýkam atanmyş». «Waweýla, kimkä ol peýkam atan nejis ganhor?!» Altynjan bu söze çydap bilmedi. Dowguşuň eňeginiň aşagyna şeýlebir batly

suňşurdy. Beýle batly urga garaşmadyk Dowguş görgüli honda uçup düşdi. «Nämä sögünýärsiň? Samahullap durma-da, bar, ugra, bilip gel derrew! Maňa seniň akylyň gerek däl!» Dowguş hasanaklap ýerinden turdy-da, zut gitdi. Köp wagt geçmänkä Imanyň ölmändigi hakdaky habary getirdi, muňa Altynjan begendi, ýöne onuň begenmesi uzaga çekmedi. Dowguş birki günden soň Imanyň ýagdaýynyň agyrdygy hakda habary getirdi. Tebip ýara em edipdir welin, şondan soň ýara beterläpdir, eşen örüpdir. Dowguş soňky bir gün Imanyň ölendigi hakdaky habar bilen geldi. Şol gije Altynjan uklap bilmedi.

– Ene, men gorkýaryn, juda gorkýaryn – diýip, daňdan ejesiniň ýorganyna giren Altynjan pyşyrdady.

– Gork, gyzym, gork.

Altynjan ejesine geň galyp seretdi. Ejesi hiç mahal gyzyna gorkmagy ündemeýärdi! Näme üçin gorkmaly?

– Gorkmak islemeýärin, ene!

– Gorkmasaň, ýaşamak kyn düşer, gyzym, ynan maňa. Gyz maşgala towşan ýaly gorkajyk bolmalydyr. Gyz gorkaklygy – asyllylykdyr, näziklikdir.

– Gorkaklyk gowşaklygyň alamaty, ene.

– Gorkaklyk – asudalykdyr, gyzym. Zenan güýji ejizligindedir. Güýç bilen alyp bolmaýan kişini näziklik, gözellik bilen alýandyrlar.

– Asudalyk meniň ýüregime düşýär, ýüregime! Men düşünemok, diňe erkekler batyr bolmalymy?

– Erkek kişilere – batyrlyk, zenanlara – gorkaklyk gelişýändir. Hudaýtagala ýaradanda-da erkekleri batyr, zenanlary gorkak edip ýaradandyr. Iki batyr bir öýde ýaşap bilmez. Ýolbarsyň, şiriň tüýi gatydyr. Hemem olaryň sürüsi ýokdur, olar mydama ýekedirler. Towşanyň, pişigiň tüýüni sypap gör, ýumşakdyr. Tüýi ýumşaklyk gorkaklykdan hem ejizlikden alamatdyr. Gyza ejizlik, näziklik, owadanlyk ýaraşar.

Altynjan ejesiniň sözlerinden soň esli mahallap dymdy:

– Indi onda sen maňa: «Sen edil erkek kişi ýaly» diýip aýtmarsyňmy?

– Gör-ä, gyzym, bedeniň nähili näzik seniň. Mahmal ýaly ýumşak bedeniň bar. Hudaýtagala erkek kişiniň göwnüni götermegiň üçin saňa şeýle eýjejik beden beripdir.

– Ene, men hiç kimi halamog-a?!

– Seniň halamagyň hökman däl, gyzym. Iň esasy zat, saňa hyrydar çyksalar, bolany şol. Erkek kişilere ýaranmaga çalyş. Olaryň ýaramazyna-da diňe gowy gyz gerek.

– Men hiç wagt erkek kişä ýaranjak bolmaryn. Goý, maňa ýaransynlar!

– Ony durmuş görkezer, gyzym.

– Ýok, ene, ony saňa durmuş däl-de, men görkezerin!..

– Hudaýdan özüňe hyrydar çykjak äriň tapylmagyny dile.

– Eh, ene, seniň maňa gözüň öwrenişipdir. Babam hak aýdýar: «Balyň bal bolsa, siňek Bagdatdan geler» diýip... Ynha, görersiň, meniň hyrydarym şeýlebir köp bolar, şeýlebir köp bolar. Meniň didarymy görmek üçin kerwen-kerwen gyzyl harçlarlar.

– Magtanmak aýypdyr, gyzym.

– Hakykaty aýtmak magtanmakmydyr?

## Ikinji hekaýat

## SOWAN DEMIR EGRELMEZ

### 1.

Hiç bir är hatynynyň özünden güýçli, özünden başarjaň, özünden suhangöý, özünden batyr bolmagyny islemez. Isleýän bolsa, ol erkek däldir. Erkek kişi üçin hatyny ejiz, gorkajyk bolmaly, kysmatyna kaýyl gelmeli. Işeňňir, mähirli, gaýratly bolmaly. Iň esasy hem owadan bolmaly! Hatyn ärinden biçak gorkmaly, oňa boýun sunmaly, mydama hyzmatynda durmaly, özem bir zat soralmasa, eger-eger geplemeli däl. Elinde ýatagan oýnadyp ýören hatyndan erkek kişileri Hudaýyň özi saklasyn!

Emir gyzyna bermek islän bu öwütdir pentlerini atabegiň üsti bilen bireýýäm aýdypdy. Hatyny Hajaryň, akgyz Gülýüzliniň üsti bilenem köp-köp zatlary aýdypdy, özi-de aýdypdy. Ýöne gyzynyň özüni alyp barşy aýdan öwüt-ündewlerini eşidene meňzänokdy. Ol nähilidir bir bolgusyzlyk etse, emir jezany hatynyna bererdi.

Altynjan özüni bilmän ýatan ejesiniň başujuny alyp, gözýaş döker oturardy. Ejesiniň düşen gününe özüniň günäkärdigini bilýärdi.

«Atasy ursa, gyz betbagt bolar» diýen düşünje bardy, emir gyzynyň betbagt bolmagyndan howatyrlanýardy. Onsoňam Altynjan hanyň bu dünýädäki arzuwydy, umydydy. Ol ýöne-möne gyz däldi, ol – hanyň içki dünýäsidi, han köňul telwasynyň amalyny gyzynda görýardi . Emir gahary gelende gyzyna:

– Gyzym, ertirki günüň hakda hem oýlan! – diýmek bilen çäklenerdi.

Emir ýagdaýy, çykalgasy bolsa, şu sözem aýtjak däldi, asyl onuň bilen gürleşjegem däldi. Çagalaryna begzada terbiýesiniň berilmegi üçin ol, gör, näçe adama hak-heşdek töledi, häzir hem töleýär, goý, atabeg aladalansyn, goý, akgyzy, hatyny aladalansyn. Onuň etmeli işi galada, öýde abadançylygy üpjün etmek, bolçulygy döretmek, Hudaýa şükür, diňe öýde ýa galada däl, sebitde hem bir kesemen tötek tapman açlygyndan ölýän ýok. Zamahşar galasynyň halwasyny, nogul-nabadyny, peýkamlaryny Altyndaşam, afrasýaplylaram[1], Şamäligem[2] ýörite kerwenläp satyn alyp gidýärler. Indi Mahmyt Gaznalynyň bezirgenlerem gelip ugrady. Özem göni Zamahşara gelip satyn alyp gidýärler.

Abdylmälik tarhan ýaşaýşyndan müň keren razydy. Şu ýaşaýşynyň üýtgewsiz uzak-uzak dowam etmegini isleýärdi, ýöne şeýle süýji durmuşynda ýeke gyzyna isleýşiçe dyýgy berip bilmänligine örtenmek örtenýärdi. Özem onuň örtenmesi ýylsaýyn däl, aýsaýyn artýardy. Ol gözüne del begzada kaklyşsa, derrew Altynjan hakydasynda peýda bolýardy. Ikisini göz atuwynda janlandyranda her gezek ýigit gyzyndan ejiz görünýärdi. Altynjana mynasyp taý teý tapylmajak ýalydy. Wah, gyzyňa är gözläp ýörmek gaty gelşiksiz zat, musulmançylykda ýekinde ýigrenilýän zat. Ýöne han özüni bu babatda çäresiz hasaplaýardy. Gyzyny abraýly bir maşgala bermegi, onuň durmuşa gözügip gitmegini gurnamagy özüniň atalyk borjy hasaplaýardy. Abdylmälik hanyň aňynda Altynjana eýe çykjak Rüstem Zaldan[3] ejiz bolmaly däldi. Hanyň hajyraw-hajyraw serkerdeleri kändi. Soňky döwürdäki pikiri gyzyny serkerdeleriniň birine bagyşlamakdy.

Altynjan deň-duş gyzlaryndan, şol sanda deň-duş oglanlaryndan aşa dogumlylygy bilen saýlanýardy. Adatça, gyzlar edep-ekramy, ejaplylygy, görk-görmegi bilen iliň diline düşse, Altynjan dogumy, merdanalygy bilen göze ilýärdi. Onuň bütin bolşy oguzyň gyz maşgala baradaky düşünjelerine çapraz gelýärdi. Bu bolsa onuň geljekki ykbalynyň üýtgeşik boljakdygyny göz edýärdi. Çünki geljek çaprazlyklardan uç alýar. Çaprazlygyň däl-de, sazlaşygyň hökmürowan bolmagy durmuşyň birsydyrgyn akymynda hiç hili üýtgeşikligiň, döwülmäniň bolmajakdygyna yşarat edýär. Geçmiş bile heminzamanyň arasyna düşýän çaprazlyk täsin hem täze, owal bolmadyk geçmişiň kemala gelmegine sebäp bolýar. Geçmiş bile heminzamanyň arasyna düşýän çaprazlygyň ýok ýerinde geljek mümkin däl. Heminzamana adatdan daşary garşylygyň, garşy çykmagyň ýok ýerinde durmuş akymy öz ugruny üýtgetmeýär. Geçmiş, heminzaman hem-de geljek bitewi, baky hem yrylmaz Wagtyň diňe mukdar – ýyllaryň sany bilen tapawutlanýan bölekleri däl, ol – Wagtyň hili boýunça parhlanýan bölekleri. Şol hil parhlylyk çaprazlykdan gözbaş alyp örňeýär. Adaty düşünjelere, adaty endiklere, adaty ýaşaýşa bolan garşylykdan täzelik döräp, şol täzeligem heminzamanda ýok, täze, başga wagty – geljegi kemala getirýär.

Geljegiň özi gelmeýär, ony heminzamanda bolup geçýän çaprazlyklaryň çaknyşygy, könelik bilen täzeligiň, adatylyk bile täsinligiň başa-baş darkaşy getirýär. Heminzaman geçmişe howp salmasa, geljegiň geljegine umyt ýokdur. Aslynda wagtyň jismi, pikir edişimiz ýaly, üç sany bölekden – heminzamandan, geljekden, geçen wagtdan durýan däldir. Aslynda Wagtyň ýekeje görnüşi bardyr: ol heminzamandyr.

Biziň geçmiş diýýänimiz – wagt taýdan yza süýşürilen heminzamandyr. Biziň geljek diýýänimiz – öňe süýşürilen heminzamandyr.

Şularyň özara gatnaşygynda geljegiň hiliniň başga bolmagy adatylyk bilen täsinligiň mynasybetine baglydyr. Biz heminzamandaky adatylygy ileri tutsak, onda geljegiň üýtgeşikligi peýda bolmaz. Geljegiň üýtgeşikligini diňe heminzamanyň täsinligini ileri tutmak kemal edip bilýär.

Heminzaman geçmişe sygman başlanda geljege ýol açylýar. Heminzaman öz-özüne sygman başlanda geljek kemala gelip ugraýar.

Geçmiş, heminzaman, geljek – bular bütewi Wagtyň aýry-aýry döwürleridir. Döwür bolsa täze aýlawdyr, täze öwrümdir. Wagtyň täze aýlawy adatylyk bilen täsinligiň çaprazlygyndan başlanýar. Täsinligiň möwç urmagy Wagtyň öz-özüne, özüniň öňki hanasyna sygman başlandygyndan habar berýär. Beýik derýanyň, kakabaş hem däli derýanyň öňki hanasyna sygman, gözbaşyndan gelýän hyjuwy bile özüne täze hana edinişi deýin, geljek hem adatylyk hanasyna sygman, täsinlik, adatdan daşarylyk, möwrite garşy çykmak diýen täze hana ýasanyp, täze depgin bilen akyp başlaýar.

Altynjan geljegiň alamatydy, şonuň üçinem ony gurşap alýan heminzamany durmuş – ýakynlar, deň-duşlar, ýatlar – bary ony gyýa göz bile garşy alýardylar. Çünki soňkular geljege geç-män, heminzamanda galmaly endikleri, pikirleri, syzgylary, aňlaýyşlary özünde saklaýanlardy. Heminzamanda galýan her bir

närse bolsa, diňe geçmişe gidýändir. Adamlar Altynjany halaman biljek däldiler, çünki geçmişe barýan adam hiç mahal geljege atlanan adamy halaman bilmez.

Geljek hemişe heminzamana meňzeş dällikleriň jeminden kemala gelýär. Şol sebäpdenem ýüzi geçmişe sary bolan adaty köpçülik özüne, öz pikirlerine, endiklerine meňzeş dälleri halamaýar. Heminzaman özüne, öz içine sygmaýan närseleri halamaýar.

Heminzaman üýtgeşikligi, üýtgeşikleri halamaýar.

Heminzaman täsinligi, täsinlikleri halamaýar. Çünki ol meňzeş dälligiň, üýtgeşikligiň hem täsinligiň öz süňňüne dawa edýändigini, olaryň amal bolmagy bile öz ömrüniň paýawlaýandygyny aňlaýar, syzýar. Ähli ýaşaýyş hyjuwy ýatan, könelişen garry kimin ol adatylygyň rahat öýünde üýtgeýşiň, täzeligiň, başgalanyşyň agyrysyny duýman ýaşamak isleýär.

* * *

Altynjan süňňi iri bolansoň, çagalykdan ir saýlandy. Megerem, türgenleşigi ýeterlikligi üçin bolsa gerek, ol ýylanyň agzyndan çykan deýin syrdamdy. Mydama gylyçlaşyk türgenleşigini geçip, bekäp ýörensoň bedeni daş deýin gatydy. Näzik görünýän akja elleriniň tokmak deýin agyrlygyny, berkdigini ähli kişiden beter akgyzy Gülýüzli magat bilýärdi. Ähli zady başyndan geçiren adam başyndan geçirmedikden has gowy bilýär. Habylyň gözi sebäpli işden kowlan akgyz Uzperiden soň işde ýeke galan Gülýüzli Altynjanyň ýumrugyny bir ýa iki däl, üç ýa dört däl, juda kän gezekler «dadyp» gördi. Degen ýerini möçükdirip, göm-gök çandyra öwräýýär onuň ýumrugy. Rüstem Zal bir ýumruk uranda şol uran adamy soň ýerinden galmaýarmyş diýip akgyz eşidipdi. Akgyz bolup işläp, ol birmahalky eşiden zadyny durmuşda-da görmeli boldy. Bir uranda galmaz ýaly etmegi Rüstem Zal deýin gahrymanlar başarýandyr öýdüp ýören Gülýüzli Altynjanyň-da hiç bir gahrymandan, hiç bir pähliwandan kem däldigini, gaýtam, hakyt artykdygyny bildi hem gördi.

Haktagala zenanlara çäksiz çydamlylyk, çäksiz sabyrlylyk beripdir. Olar işe duran ýerlerinde her hili süteme, ezýete döz gelip işlemäge çalyşýarlar. «Baran ýerinde oňuşmandyr» diýilse, hiç kim Altynjany günäkärlemez, Gülýüzlini günäkärlär. Gülýüzli muňa juda gowy düşünýär. Şonuň üçin ol melikesiniň ähli sütemine merdi-merdanalyk bilen döz gelýär, özüniň çekýän sütemini ýeke erkek kişiniň hem çekip bilmejegini-de bilýär. Ol melikesiniň jebirlerini çekmekden başga çykalga-da görenok. Gidere ýeri-de ýok. Ol Altynjanyň göwnünden turmak, ýaranmak üçin gije-gündiz gaty yhlas edýär. Ýöne, hernäçe yhlas etse-de, käteler Altynjanyň gazabyna duçar bolýar. Dogrusy, Altynjana ýaranmak hupbat. Eger-eger onuň göwnüne ýaranyp bolanok. Diňe akgyz däl, Altynjan köplenç öz-özüne-de ýaranyp bilenok. Şonuň üçin diňe akgyzdan däl, özündenem närazy ol. Käteler özünem düýt-müýt edäýesi gelýär onuň. Hakyt özüni gamçylap uran gezeklerem boldy onuň!

Göwre babatda akgyz Gülýüzli Altynjandan artyk bolmasa, kem-ä däl, ýöne gep göwrede däl eken. Billeşmeli bolsa, Altynjan iki sany Gülýüzlinem bagyrdadyp bagrynyň aşagyna aljak. Durşuna gujur bilen güýç ol. Kabyl bilen Habylyň-a gürrüňem ýok, sebäp olar ekizler, Altynjandanam iki ýaş kiçi, ýöne özünden dört ýaş uly Sadyllanam ýere pylçap urýar ol. Ýöne Sadyllanyň tebigatynda göreş tutmak, güýç synanyşmak, gylyçlaşmak, at üstünde oýun görkezmek diýen ýaly zatlar ýok. Ol «ylym uran» diýilýänlerden. Ol pelsepe otarmaga, kitap okamaga ýykgyn edýär. Ürgençden gelende Kabyl bilen Habyly hemem Altynjany ýanynda oturdyp, olaryň gyzyklanýandygyna-gyzyklanmaýandygyna bakman (käteler zoraýakdan), olara medresede öwrenen geň-enaýy zatlary hakda joşup-joşup gürrüň berýär. Şeýle bolansoň galada galan üç dogan medresede öwredilýän zatlary Sadylladan eşidip özleşdirýärler. Omar atabeg Sadyllanyň köp zatlary doganlaryna gürrüň bermesine juda begenýär, oňa zol-zol minnetdarlyk bildirýär. Sadylla gala dynç almaga gelýär, ýöne doganlary soňky aýlar bilgeşleýinden oňa dynç berenoklar: ol gelýänçä agyrdan agyr sowallary taýýarlap goýýarlar. Maksat Sadyllanyň: «Şu soragyň jogabyny bilemok» diýmegi, ony mugyra getirmek. «Sadylla, sen Ürgenje gidip okasaňam, gör, biziň sowallarymyza jogap berip bileňok. Seniň bilýän zadyň ýok. Utanaňokmy?» diýip, Altynjan dagy Sadyllany utandyrmak isleýärler. Şeýle degişmeleri ähli kişiden beter Kabyl gowy görýärdi. Hokgabazdy ol. Okuw okasy gelmeýärdi. Okamazlyk üçin ähli zada kaýyldy. Kimdir biriniň üstünden gülmek onuň iň gowy görýän zadydy.

On iki ýaş – oglanyň, dokuz ýaş – gyzyň ýetişenlik ýaşy hasaplanýar. Tüweleme, Altynjan on dört ýaşa ýetdi. Bu ýaş gyzyň kükräp başlaýan ýaşy. Bu ýaş – ýigitleriň gyzlar bilen gyzyklanyp ugraýan ýaşy. Bu ýaşda Hudaýtagala gyzy bägüle öwrüp, erkek kişileri ymsyndyrýar.

Altynjandan-a gözüňi aýyrar ýaly däl. Nazary düşen erkek kişini galpylda saljak janperwer gözelligi bar onuň. Haktagala bolsun edipdir oňa. Ol kakasynyň sowgat beren gyzyl atlaz matasyndan özüne tikdiren eşigini geýipdir welin, bu eşik oňa hasam gelşik berýär. Hakyt bir açylan bägülüň bar-da! Hana, beýigi beýik, pesi pes ýerinde, sünnäsi ýetirilen hakyt bir dilnowaz periň bar-da!

Hudaýtagala zenanlara eçilmeli bolanda-da, olardan almaly bolanda-da iki paý, Altynjana-ha Hudaýtagala on-on bäş paý gözelligi tarhanlyk edipdir. Uzyn boýly, inçe billi, seýkin ýöreýişli, ala gözli, galam gaşly, hüýrsypat Altynjan atlaz eşigini geýip, toýa-tomga görünse, men-men diýen goç ýigitler süňňüni saklap bilmän elewräberýärler. Ýöne Altynjan men-men diýen ýigitleriň hiç birine-de gabak galdyrmaýar. Ol toýa-tomga barmagy-da halamaýar. Megerem, halamaýanlygy üçin bolsa gerek, ol toýa barsa, köplenç dawanyň tapylmagyna sebäp bolýar, sähel zat üçinem gykylyklaşmakdan gaýtmaýar.

Gyz diýeniň edaly bolar, ol-bu zada baş galdyryp ýörmez. Erkek kişileriň duran tarapyna seretmez. Altynjan welin oglanlaryň üýşüp duran toparyny öz topary hasaplaýar. Ýigitleriň haýsy-da bolsa biri göwnüne ýaramaýan bir söz aýtdygy bes, onsoň ol ýigidiň dat gününe: Altynjan sen-men ýok, ýigidiň gulaktozuna ýelmäp goýberýär. Ýigit sähel gaýtargy berjek boldugy – onda ýigidiň ikinji ýola bagtynyň ýatdygy – hälki ýigidiň birki ýumrukda ýerde bulaşyp ýatandyr. Altynjan bolsa ýigidiň turaryna garaşar, niýeti ýene urmak. Guma bulaşyp ýatanam samsyk däl, tursa uruljagyny bilipjik dur ol, şonuň üçin süýşenekläp-süýşenekläp garşydaşyndan ara açar. «Wah, sen bir meniň elimde bolan bolsadyň!» diýip, ýigit hüňürdär-de, zut gaçmak bilen bolar. Ýigidiň sözi düşnükli: ýigidiň elinde bolmak – ýigidiň hatyny bolmak. Hatyn ärine el göterip bilmez. El göterip görsün!

Altynjanyň gözünde ot ýakmak isleýän, jany ýanyp ýören japy ýigitlerem az däldi. Diňe bir Zamahşardan däl, töwerekde, gör, näçe oba, gör, näçe kent bar? Şol obadyr kentleriň[4] emirleriniň, amidleriniň ogullarynyň käbiri Abdylmälik hanyň gyzynyň näjüre gyzdygyny görmek üçin, ýörite gelipdiler hemem gyzy ogryn-dogryn ýagdaýda synlap gidipdiler. Abdylmälik han bu zatlary bilýärdi. Bilensoň ol gyzyna: «Gyzym, ertirki günüň barada hem oýlan!» diýipdi.

Abdylmälik hanyň aýtmadyk sözlerini, ertirki günüň nämesi hakda oýlanmalydygyny Altynjana akgyzy Gülýüzli takyk «terjime» edip berdi:

– Melikäm, Hudaýtagalanyň kyrk ýylda sünnäläp ýaradan öz adamyna söýgüsi, yhlasy uludyr. Ol öz perişdelerine-de adamyň hyzmatynda boluň diýip tabşyrandyr. Adamyň hyzmatynda bolmak islemedik bir Iblis atly sowathon hem akyldar perişdesini öz ýanyndan näletläp kowandyr hem onuň nebereleri bilen ýaşap ýören ýerini – Ýeri adama ýaşamak üçin alyp berendir. Hudaýtagala adama: «Şu ýer şu günden beýläk Iblis neberesiniň däl-de, seniň ýeriňdir» diýendir. Onsoň Hudaýtagala erkege hyzmatkär hem höwür bolsun diýip, çep gapyrgasyndan hatynlary ýasandyr hem olara: «Mydama erkege garaşly boluň, mydama erkekleri sypap-sermäp, olaryň göwünlerini awlaň, hyzmat ediň» diýip buýrandyr. Erkek kişileriň Hudaýy ýokardadyr. Zenanlaryň Hudaýy ýanyndadyr, olar – erkek kişilerdir. Enem pahyr aýdardy: «Erkek diýmek – hargulak diýmek» diýip. «Erkek görgüliniň göwnüni tapmak – tüwüden çertik saýlandanam aňsatdyr» diýip. Erkek görgüliniň – hargulagyň iňňäň gözi ýaljak göwni bardyr. Ol göwni tapmak zenanlaryň ýanynda eşik çykarmak ýaly gaty aňsatdyr. Äriň göwnüni tapmak üçin näme etmeli? Ýüzüne gülüp, bakyp, gorkan kişi bolmaly. Wagtly-wagtynda iýdirip-içirmeli! Aýallar, ine, şuny etmeýänligi üçin köplenç taýak iýýärler. Äriňiz gelende öňünden çyksaňyz, ol oturýança siz oturmasaňyz, görgüliniň keýpi çag-çag bolar. Soň erkegiň aýaly bilen işi ýok, garnyny doýuransoň-a oňa ýassyk berseň, asyl aýal gerek däl. Asyl hiç kim gerek däl. Oňa aýaly azar bermese, ol şonça hoş. Är haýranyňyza garnyny doýransoň ýekeje oýnam hoş söz oklasaňyz, onsoň-a bolany, o görgüli seni hoş etjek, saňa ýaranjak bolup, Çyn-Maçyna gitmelem bolsa gider. Allatagala erkegi güýçli, pähimli, zenany bolsa duýgudar, üşükli ýaradypdyr. Erkek hatynlaryň ýanynda açyk kitapdyr, ýöne okap oturmalydyr. Hiç ýerde açylmaýan erkek aýalynyň ýanynda açylýandyr. Hakyky hatyn ärini külbikesinde pyrlandyryp bilýän hatyndyr. Sen, melikäm, özüňi kişi maşgalasynda ýaşamaga taýýarlaber. Äre barmak – taýýar aşyň eýesi bolmakdyr. Äre baraňsoň öýüň eýesi sensiň. Äriň öýe myhmandyr. Äriň seniň hyzmatkäriňdir. Ol ertirden agşama çenli her edip-hesip edip, baýlyk gazanar, gazananyny-da öýe – saňa getirer. Sen onuň ähli getiren zadynyň eýesisiň. Sen onuň getiren etinden gowrup öňünde goýarsyň. Ol bolsa senden minnetdar bolar.

Akgyzyň öwüt-ündewlerinden bihabar Hajar hatyn hem adamsynyň: «Gyzym, ertirki günüň hakda hem oýlan!» diýen sözlerini özüçe düşündirmäge başlar:

– Balam, Hudaýtagala deň etmän, duş etmezmiş. Oturyp-oturyp oýlanýaryn, hiç akylyma sygdyryp bilemok: saňa özüň pisint birini duş eýlejek bolsa, onda Hudaýtagalanyň günem aňsat däl. Saňa eýe çykjak

sendenem-ä bäş beter, aznawur, guduman bolmaly bolar. Eý, Hudaý, men-ä gorkýaryn, balam. Seniň ýazgydyň maňa tüm görünýär.

– Wa-weýla, ene, men soltan Mahmyt Gaznalynyň gujagyna alyp, at beren, pata beren gyzy ahyryn! Men soltandan – Hudaýyň Ýerdäki wekilinden pataly gyz. Soltanyň ýalkan gyzy bagtly bolman, eýsem, kim bagtly bolsun?! Soltan: «Bu gyz bihal bolmaz» diýipdir-ä.

– Bihal däldigiň-ä görüp-bilip ýörün, ýöne ärde nädip oňjagyňy göz öňüne getirip bilemok. Är bolan ýigid-ä hatynyna boýun sunmak islemez, senem-ä äre boýun sunjak gyz däl.

– Men ýöne-möne adamyň gyzy däl, men Abdylmälik hanyň gyzy! Soltan Mahmyt Gaznalynyň rowaç gadamy bilen dünýä inen gyz men! Men – soltan Mahmyt Gaznalynyň rowaçlyk ýyldyzy! – diýip, Altynjan sesine nazym berdi, enesiniň boýnundan gujaklady. – Ene, maňa är gerek däl. Maňa enem gerek. Men şu ojakdan çykyp hiç ýerigem gitjek däl. Kowsaňyz, Horezm kölüne[5] giderin. Şol ýerde-de ýaşaryn. Ýogsamam ömrüm ötýänçä siziň ýanyňyzda ýaşajak.

– Wagtynda äre barmasaň bolmaz, gyzym. Senden çaga önmeli.

– Maňa çaga-da gerek däl, ärem.

– Säher çagy beýle diýme, gyzym, beýle diýme. Birden perişdeler eşidip: «Omyn!» diýäýmesinler.

– Goý, diýsinler. Şu ýaşaýşym gowy meniň. Men hiç ýerigem gitjek däl – diýip, Altynjan agy gatyşykly dillendi. Soňam aglap ugrady.

– Aglama, gyzym, aglama.

– Ene, ýalbarýaryn, meni kowmaň. Meniň hiç ýerik gidesim gelmeýär.

– Seni kowýan adam barmy näme?! – diýip, Hajar hatyn gyzynyň gözüniň ýaşyny sylyp, köşeşdirmäge çalyşdy. – Men diňe seniň bir eliňde ot, beýleki eliňde suwuň bardygyny, saňa olaryň haýsam bolsa birini saýlamagyň zerurdygyny aýtmak isledim.

Adamzat hem-ä rahatlykda, şol bir wagtda-da hyjuwlar içinde ýaşamak isleýär. Adamzat hem-ä ýaşamak isleýär hem-de ölmezlik isleýär. Adamzat munuň mümkin däldigine akyl hem göz ýetirse-de, barybir, bir elde iki garpyz tutmak islegi, düşünjesi bilen ýaşaýar.

Adamlar ömürleriniň, ýaşaýyşlarynyň rahaty üçin durmuşyň birsydyrgynlygyny isleýärler, ýürekleriniň, hyjuwynyň kanagat tapmagy üçinem durmuşyň üýtgeşikligini isleýärler. Birinji isleg olarda gorkak bolmak, ikinjisi batyr bolmak höwesini bir wagtda döredýär. Birinji isleg olary heminzamana, ikinjisi geljege tarap çekýär. Şu iki tarapa çekişligiň arasynda adamzadyň ýaşaýşynyň bütin gyzygy hem manysy ýüze çykýar.

Diňe asudalygynyň, rahatlygynyň bozulmagyndan gorkmaýanlar durmuşy ösüşiň täze basgançagyna getirip bilýär. Şeýle adamlar ýaşaýyş hyjuwyny, ýaşaýyş gujur-gaýratyny bedeninde hem kalbynda göterýän kişilerdir. Adamlar, näme üçindir, şu hili adamlaryň erkek kişileriň arasyndan çykmagyna razylyk hem isleg bildirýärler.

Bu müňlerçe ýyllyk erkek kişileriň hökmürowanlygynyň netijesimikä ýa-da öz ýaradylyşy, öz tebigaty boýunça erkeklige geljek, aýallyga heminzaman degişlimikä?! Heminzaman – aýallyk, geljek – erkeklik jynsynda bolmalymyka?! Türkmen «aýal – maşgala» diýen pikire gulluk edýär, maşgala bolsa üýtgewsizlik kanunydyr, çünki üýtgemeklik maşgalanyň dargamagyna getirýär. Onda hut aýal, zenan adaty durmuşyň, däp-dessurlaryň aman saklanmagynyň esasy daýanjy, bar umydy bolmaly-da?!

Altynjan türkmeniň heminzaman – aýalyňky, geljek – erkegiňki diýen düşünjelerine çapraz gelýärdi, özem bütinleý çapraz gelýärdi. Onuň hereketleriniň hem bolşunyň, häsiýetiniň hem düşünjesiniň göze gelmeýänliginiň aňyrsynda şol düýpli sebäp ýatýardy.

Heminzaman – asudalygy, geljek – nämälimligi sebäpli howatyrlylyk bolup duýulýar. Howatyrlylygy diňe töwekgel ellere ynanyp bolar diýen ynanç Altynjanyň ähli ýakynlarynyň oňa bolan garaýşyny kesgitleýärdi.

Emma Altynjanyň hulky, ýaradylyşy bu gyzyň durmuşy özgerdip bilýän güýje eýedigini görkezýärdi. Onuň bütin durky adamzadyň adata öwrülen ýaşaýşyny özgertmek üçin beýik Biribaryň adamyň ýadyna-oýuna düşmeýän, adamzadyň erkine garamaýan nähili geň-taňlyklary kemal edýändigini ýene bir gezek göze görkezilmesidi. Oňa alyşmaýan gapma-garşylyklary alyşdyrmak, birikmeýän nokatlary birikdirmek ukyby ýazylypdy. Ol üýtgewsiz ululyk bolan maşgala esasynda üýtgeýän ululyklaryň täze-täze ýüze çykmalaryny amal etmelidi. Munuň üçin Allatagala oňa üýtgeşik hulk, üýtgeşik ykbal, üýtgeşik paý berdi. Durmuş paýy adata laýyklykda gorkaklyk hem boýun egmeklik bolmaly bu zenan batyrdy hem boýun egmezekdi, adata laýyklykda paýy asudalyk hem mal-mülk bolmaly bu gyz hyjuwa hem mal-mülkden has ýokardaky beýikliklere telwas edýärdi.

Hajar hatyn ogullaryndan arkaýyndy. Olaryň ählisi ylym almak, soňam öýlenmek, aýratyn öý-işik bolmak, baýamak maksady bilen ýaşaýardy. Olaryň islegem, özlerini alyp baryşlaram musulmançylygyň kada-kanunyndan – sünnetinden çykanokdy. Ýöne Altynjanyň islegem, özüni alyp barşam, maksadam musulmançylygyň hiç bir sünnetine laýykat gelenokdy. Hajar hatyny gynandyrýan iň esasy zat Altynjanyň baýlyk, gyzyl, maşgala bilen gyzyklanmaýanlygydy. Eger şu zatlar gyzyklandyrmasa, onda bu dünýäde adamy başga haýsy zadyň gyzyklandyryp biljekdigine teý akyl ýetirip bilenokdy. «Bu dünýäde baýlykdan, maşgaladan başga gyzyk ýok ahyryn!» diýip, Hajar hatyn odanýardy.

«Baýlykdan beýikde diňe Alla bar, baýlyk bolmasa – Alla ýardam bermese, maksadyňa ýetip bilmersiň. Baýlyk ýok ýerinde, mertebe-de ýok!» Bu sözleri Altynjana daýysy Tümen beg aýdypdy. Şonda Altynjan daýysynyň aýdanyna garşy çykanam bolsa, näme üçindir, onuň sözleri soň-soňlaram gulagynda ýaňlandy durdy. Soň-soňlar ol baýlyk bilen mertebäniň arasyndaky mynasybet barada öz pikiri bilen Tümen begiň pikiriniň arasynda aslynda hiç hili gapma-garşylygyň ýokdugyna göz ýetirdi. Has dogrusy, durmuş oňa bu dünýäde baýlygyň mertebe şertidigini göz etdi. Elbetde, aslynda mertebäň ýok bolsa, baýlyk seni mertebeli edip bilmeýär. Ýöne ol öz ömründe iliň-günüň öňüne düşjek bolsaň, zatly-mally kişi bolmalydygyna köp gezek göz ýetirdi. Adamlaryň ýaşaýşyna täsir etmek eli boş kişileriň mümkinçiliginiň daşyndaky artykmaçlyk. Öz öňünde, özüň üçin adam saýynmaga mertebäňi duýmagam adam bolmak üçin ýeterlik. Emma jemgyýet, köpçülik seniň mertebeliligiň üçin başga talaplary-da öňde goýýar. Adamlar malyň bolmanda-da, seni sylabam bilerler, hormatlabam bilerler, ýöne seni öz ykbalyny çözüji hökmünde görmezler, seniň diýeniň bilen bolup, seniň aýdanyň bilen gitmezler. Altynjana bolsa ýöne sylag däl-de, adamlaryň öz emrine boýun bolmagy gerekdi. Bu eýýäm hulkuň däl-de, hökmürowanlygyň, häkimligiň meselesidi. Gany, asly boýunça Altynjan hökmürowanlyga dalaş etmelidi. Onuň maksady uludy, juda uludy. Uly maksatlar, köpçüligiň ýaşaýşyna dahylly niýetler hökmany suratda baýlyk hem häkimlik bilen baglanyşykly bolýar.

«Döwlet» jümlesiniň baýlyk manysyny-da, häkimlik manysyny-da bermegi durmuşyň öz emele getiren hakykatydyr. Baýlykdan ýüz döndermek häkimlikden ýüz döndermekdir, häkimlikden geçmek bolsa durmuşyň ykbalyny kesgitlemekden ýüz döndermekdir, diýmek, ony başgalaryň eline bermekdir. Altynjan bolsa öz ýasawy boýunça, näme etse-de, şony edip biljek däldi. Onuň dyňzap duran gujury, bimöçber dogumy diňe beýik serişdeleriň – baýlygyň hem häkimligiň üsti bilen amal bolup biljekdi. Baýlyk ýok ýerinde häkimlik, häkimlik ýok ýerinde bolsa ykbal çözüjilik, beýiklik ýokdur.

* * *

Altynjanyň göwnüni galkyndyrýan bir adam bardy. Ol hem daýysy Tümendi. Tümen ýegeni Altynjan üçin hoş sözlerini gaýgyrmaýardy. Eline düşen geň-enaýy şaý-sepleri-de ýegençisine sahylyk bilen eçilýärdi. Onuň ýanynda hiç bir zadyň müşgili ýokdy.

Bir gün Tümen beg özüniň ýedi-sekiz ýaşlaryndaky ýalňyz ogly Anuşirwany Zamahşara alyp geldi.

– Mesaýkysy, Arsahuşmisende oglumyň içi gysýar. Şonuň üçin men ýalňyz oglumy size getirdim. Goý, ol iki aýlap sizde bolsun! Men oglumy Altynjana tabşyrýaryn. Ol Anuşirwanymyň lalasy[6] bolsun.

Altynjan daýysyna sygynýardy. Ony Rüstem Zal hasaplaýardy.

Tümen beg ýegeniniň özi hakda nähili pikirdedigini, onuň nähili sözleri gowy görjekdigini aňýardy, şonuň üçin, köplenç, onuň göwnünden turaýjak sözleri aýdýardy:

– Adam dünýä bir gezek gelýär. Şonuň üçinem ýaşanyňda hiç bir zatdan heder etmän, göwnüň isleýşi ýaly ýaşamaly. Kim göwnüňe degse, maňa aýtgyn. Men seniň aryňy ýerine salyp bererin. Hiç kimiň seniň göwnüňe ýa meniň göwnüme degmäge haky ýokdur. Kim-de kim bize ýamanlyk etjek bolsa, men onuň gözünde ot ýakaryn. Adalat, ine, meniň şu gylyjymyň ujundadyr – diýip, Tümen beg haýbatly gürleýärdi.

– Daýy, men hiç kime göwnüme degmegine ýol bermerin – diýip Altynjan ynamly aýtdy.

– Giýew! – diýip, Tümen beg soň Abdylmälik hanyň ýanyna bardy: – Bu bäş günlük dünýäge myhman gelendiris. Myhmançylykda uzak oturylýan däldir. Biz hem bu dünýäde uzak myhman bolmarys, uzak ýaşamarys. Şonuň üçin her günümizi gowy geçireli. Men gelenimde Zamahşarda toý-baýram bolsun! Çagalary alyp, awa gideli.

Abdylmälik han gaýynagasyna garşy çykmady, mirşikäryna[7] awa ugramaga taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Abdylmälik emir Mansur bilen awa çykardy. Ýany bilen ogullarynam, aýalynam, gyzynam alyp giderdi. Ogullaryny ilkinji gezek awa çykaranda öňden gelýän däbe eýerip, olaryň ellerini gana hem ýaga bulapdy. Olara aýratyn dabara bilen pata beripdi.

Hajar hatyn aw bilen onçakly gyzyklanmaýardy. «El ýaly et diýip ylgap ýörjek däl men-ä» diýip, Hajar hatyn aýdýardy. Hatynynyň bu sözüne Abdylmälik emir gaharlanýardy: «Gaçyp barýan keýigi ýetip almagyň, uçup barýan sülgüni elguşly awlamagyň lezzeti bir aýry ahyryn, bu ýaşaýşyň ikinji bir görnüşi ahyryn!» «Öldürmekdenem bir lezzet bolarmy!», «Adam diňe öldürmekden – gandan kanagat tapyp biler!» diýip, emir janygýardy. Bu babatda hanyň öz pelsepesi bardy. Mansuryň awlan awunyň gyzgyn ganyny içmekden lezzet alşy deýin, Abdylmälik hanam käteler togdarynyň, sülgüniň, keýigiň gyzgyn ganlaryny içýärdi, ýöne ol muny görer gözden, aýratyn hem ogullaryndan ýaşyryn saklaýardy.

Abdylmälik emir çagalarynyň mydama bir işiň başynda bolmaklaryny, wagtlaryny bähbitli iş bilen geçirmeklerini isleýärdi. Çünki bikärlik adamy sandan çykarýan iň ýowuz ýagy. Çagalarynyň awa gözükmekleri üçin olary ýaşlygyndan öz ýany bilen awa alyp gidýärdi. Olara eldekileşdirmek üçin laçyn jüýjesini satyn alyp beripdi. Birinji gezek laçyn jüýjesini eldekileşdirmegi ogullarynyň ýekesem başarmandy. Getirilen dört jüýjäniň dördüsem ganat çykaranlaryndan soň, üçüsi awa öwredilip ýörkä, soňkusy kapasasyndan çykyp gaçyp gidipdi.

Emir öz ogullaryna Käsiň perrende bazaryndan[8] togrul guşlarynyň jüýjelerini getirip berdi, ýöne ähli ýyrtyjy guşlaryň arasynda bürgüdiň bir görnüşi bolan çagry guşy bilen togrul guşy aňsat-aňsat eldeki bolmaýan eken, adama boýun sunandan olar ölenlerini gowy görýän eken. Olar kapasadan çykjak bolup, diwara özlerini urup-urup ölýärler. Şeýle bolansoň, hiç kim ol guşlardan elguş edinjegem bolmaýar. Abdylmälik han bu hakda bilýärdi, ýöne togrul guşuň jüýjesiniň satylýandygyny görüp, belki, eldeki etmegi başararyň diýen inçe tama bilen satyn alypdy.

Togrul guşy daglaryň uçut gaýalarynda höwürtge edinýär. Jüýjeleri howpuň ýakynlaýandygyny görseler, özlerini höwürtgelerinden aşak goýberip helākleýärler, kesekiniň eline düşmegi namys bilýärler, öz ene togrulynyň agzyndan başga ýerden hiç zat iýmeýärler.

Abdylmäligiň satyn alyp gelen togrul jüýjejikleri hem hiç zat iýmediler. Özem olar bir aý hiç zat iýmän aç oňdular, soň bir gijede jan berdiler. Öljek gijeleri ysgynsyzja ses edip, uzak jürkülдediler. Bu olaryň gije öljekdikleriniň alamaty eken. Togrul jüýjeleriniň tekepbirligi hem ölümi diňe bir Altynjana däl, Habyl bilen Kabyla-da ýaramaz täsir edipdi.

Emir inçe tama bilen getiren jüýjeleriniň ogullaryna ýaramaz täsir edendigine gynanmak gynandy. Öz eden telek işiniň öwezini dolmak üçin üç-dört bezirgene niredenem bolsa, laçyn, aýratyn hem şahyn[9] jüýjelerini tapyp getirmeklerini tabşyrdy, olar üçin puluny gysganmajakdygyny gaýta-gaýta nygtady.

Emire bäş sany şahyn jüýjesini getirip berdiler. Şondan soň emir getirilen şahyn jüýjeleriniň eldekileşdirilmegine gaty yhlas etdi. Onuň yhlasy bilen ogullary hem Altynjan awa gözükdiler.

* * *

Bu gezekki aw ýigrimi güne çekdi. Ýigrimi güni Altynjan ömrüniň iň sapaly günleri hasaplady. Ol daýysynyň hemaýaty bilen ýigrimi günüň içinde on bir keýik, ýedi sülgün awlady.

Olar wagtlaryny aýdym-sazda geçirdiler. Tümen beg şeýle bir gowy aýdymlary aýdýardy. Eline haýsy saz guraly düşse, şirinden şirin çalmagy başarýardy, gözlerini süzüp aýdyma başlanda, oduň başynda oturanlaryň tas hemmesi diýen ýaly onuň bilen goşulyşyp aýdym aýdýardy.

Altynjan togdarydyr käkilik awlap, sazak syhyna düzüp otda bişirmegi öwrendi. Çişlik, kakmaç gyzgylt öwüşgin bilen lowurdap ugranda Altynjan olaryň bişendigini bilýär. Ana, şondan soň olary iýdigiňçe iýesiň gelýär.

Altynjan açyk meýdanda, oduň başynda ýüzüni oda çoýup oturmagy, çöregiň arkasyna çöp diräp oda gyzdyrmagy, soňundan gyzgyn çöregi kitirdedip iýmegi gowy görýär. Şonda oduň başynda iň ýakyn adamlaryň: atаň-eneň, daýyň, akgyzyň bar bolsa, eşretilik babatda başga hiç zadam isläp bolmaz. Altynjan üçin dünýäde şundan uly eşret ýok.

Tümen beg bilen Abdylmälik begiň aratapawudy awda has açyk duýulýardy. Duýulmaz ýaly-da däldi.

Tümen beg degişýärdi, gülüşýärdi. Her kime bir henek atýardy. Her hili sözler bilen güldürýärdi. Aýdym aýdan pursady ýegenleriniňem özüne goşulyp aýdym aýtmagyny talap edýärdi.

Abdylmälik han agrasdy, hakyky handy. Degişmek-gülüşmek, dogrusy, oňa gelişjegem däldi.

Ol oduň başynda Afrigogullary nesebi, patyşa bolan ýigrimi iki neberesi, olaryň başdan geçirmeleri hakda gürrüň berýärdi. Ol aýratynam babakelanlarynyň Güne sygynyşlary, Horezmin, Horasan sözleriniň

Günüň dogýan ýeri diýen manyny aňladýandygy, bu topragyň mukaddesdigi, bu topraga göbek ganynyň siňendigi, bu toprakda ata-babalarynyň ýatandygy hakda köp nygtaýardy. «Biz Gün hanyň ogullarydyrys, her gün sabada täze dogýan Güne salam bermelidiris» diýýärdi, ogullary bilen hataran durup, dogup gelýän Güni maňlaýyna sylardy, egilip tagzym ederdi, salam bererdi. Ol ogullaryna batyr, mert bolmak, haramylykdan, şerden daşda durmak hakda pent edýärdi.

Abdylmälik hanyň çagalary köplenç Tümen begiň ýanyndady.

Onuň berýän gürrüňleri gyzyklydy. Ol dynç aljak diýip oturmaýardy-ýatmaýardy, uzynly gün aýak üstündedi: bir görseň, ogly Anuşirwana, ýegeni Altynjana gylyçlaşmagyň tilsimini öwredip durandyr, bir görseňem, nädip uçgun döredip, ot ýakmalydygyny öwredýändir. Kakmaçdyr çişlik bişirmekde, göräýmäge, üýtgeşik tilsim ýok ýalydyr, görlüp oturs, ony gowy bişirmegiňem tilsimleri bar eken. Tümen beg bilýänlerini ýegenleridir ogluna üznüksiz öwredýärdi.

Çapyp barýan atyň üstünden nyşana urmagy öwrenmäge köp wagt gidýärdi.

– Çapyp barýan atyň iki öň aýagy ýerden üzülen pursady – atyň üstüniň iň rahat pursady, ýöne bu örän az salymlyk pursat. Atyň üstünde oturan kişi, ana, şol az salymlyk mümkinçiligi peýdalanmaly. Atyň öňki iki aýagy ýerden üzülen wagty nyşana atan okuň deger, galan pursatlar nyşana degmek mümkinçiligi örän az bolýar – diýip, Tümen beg janygýardy. Her kimiň atyň üstünde oturyşyna, ýaý tutuşyna, nyşana atyşyna baha berýärdi. Tamasy çykmasa käýeýärdi.

– Nyşana urmak – soňky maksat. Siz ilki çapyp barýan atyň üstünde oturyp, onuň ýerden öň aýagyny üzüşini öwreniň – diýip, Tümen beg ogludyr ýegenlerini yzyna düşürip, sähra çykarýardy, olara atyň üstünde sapak geçýärdi.

Daýysynyň ýanynda bolmak, onuň gürrüňlerini, maslahatlaryny diňlemek Altynjana diýseň hoş ýakýardy, mydama onuň Zamahşarda bolmagyny isleýärdi.

* * *

Awdan gala dolandylar. Altynjan welin dolanmak islemedi, ýene on-on bäş günläp, Jeýhun jülgesiniň gür tokaýlygynda aw awlamak, göwün hoşlamak isledi. Ol bu hakda kakasyna aýtdy. Birinji gezek aýdanda kakasy ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmänden soň ikinji gezegem aýtdy.

Abdylmälik han ikinji gezegem hiç zat diýmedi, gyzyna gaşyny gerjeşdirip seretdi.

Düşnükli!

Daýysy Altynjana ýakyn wagtda Zamahşara gelmäge, ýene awa äkitmäge söz berdi.

Tümen beg Arsahuşmisene gaýtmakçy bolanda Altynjan zarlady:

– Daýy, indi haçan geljek?

– Ýene iki aýdan gelerin, ýöne gelýänçäm gylyçlaşmagy gowy öwren!

– Men ökde ahyryn, daýy!

– Meniň ýegenim ökdelerdenem ökde bolmalydyr. Ol iki-üç gulama däl-de, on-on bäş gulama taý gelmeli. Sen bihal Altynjan dälsiň! Sen soltan Mahmyt Gaznalynyň mübärek gadamyndan dünýä inen gyzsyň. Sen Allanyň wekilinden – beýik soltandan pataly gyzsyň. Hut şonuň üçinem men saňa oglum Anuşirwany tabşyrýandyryn. Ol edil sen ýaly, gorky diýen zadyň nämedigini bilmeli däldir, çünki gorky bar ýerinde ýeňiş ýokdur. Anuşirwan garadangaýtmaz, juwanmert ýigit bolmalydyr. Dünýäniň eşreti gorky-ürkini bilmeýän kişileriň öňünde açylýandyr. Çünki eşret, bagt mülküniň gapysynyň sakçysy gorkudyr. Ol mülke diňe gorkusy bolmadyk kişiler goýberilýär. Allatagala aýdarmyş: «Batyr ýigitlere zowal ýokdur. Olar üçin meniň ähli ýapyk gapylarym açylar. Men olary islän maksatlaryna ýetirerin» diýip.

Altynjan daýysynyň sözüni böldi:

– Babam hem edil şu sözleri aýdýar. Ol gorkaklygy halamaýar, biziň batyr bolmagymyzy isleýär.

– Kim?! – diýip, Tümen beg ýantgylady.

– Babam!

Tümen beg nämedir bir zat aýtmakçy boldy. Taýly gezek ýuwdundy, soňam başky gürrüňini dowam etdirdi:

– Ýegençim, men seniň aşyraw gözsüzbatyrlygyňy gowy görýärin. Seniň häsiýetiň Allanyň hoşuna geljek häsiýetdigine ynanýaryn. Sen Anuşirwany juwanmert hem batyr edip ýetişdirmäge çalyş!

* * *

Tümen beg iki aýdan geljek diýip söz beren-de bolsa, üç aýdan soň geldi, yzynda iki ýüz atly bilen geldi.

Beg ýegenlerine birgiden sowgat getiripdir. Altynjan üçin keýigiň şahyndan sap edilen ýatagan sowgat getirdi. Daýysynyň bu sowgady Altynjanyň hoşuna geldi, muňa biçak begendi. Daýysy bilen darkaşyp gördi. Ýatagan darkaşmak üçin biçak gabyldy, darkaşdygyňça darkaşasyň gelýär. Tümen beg owal Altynjana ýüz görülýän aýna, hanjar sowgat beripdi. Altynjan daýysynyň sowgatlaryny biçak gowy görýärdi.

Tümen beg geçen sapar gelende: «Indiki sapar gelenimde iki aýlap sizde boljak» diýip, Altynjana söz beripdi, ýöne ol Zamahşarda uzak eglenmedi, Jürjaniýa gitdi. On günden dolanyp geldi. Habyl bilen Kabyly, Altynjany ýanyna alyp, derýanyň akymynyň ugry bilen ugrady. Onuň nirä barýandygyny özünden başga hiç kim bilenokdy. Kabylyň «Nirä barýarys?» diýen sowalyna Tümen beg: «Ynha bararys, şonda görersiň» diýip, başdansowma jogap berdi.

Tümen beg uzaga gitmedi. Buruntak obasyndaky Janahyr halwaçynyň öýüne bardy.

– Nirede bolsa-da, tapyp getiriň şol çopury! – diýip, Tümen beg jabjyndy.

Dört-bäş kişi derrew Janahyr halwaçyny südenekledip getirdi.

– Şol tuda daňyň!

Janahyr halwaçyny tuda daňdylar. Tümen beg atdan düşüp, çopur halwaçynyň ýanyna bardy.

– Eý, çopur, seniň Jürjaniýa, Arsahuşmisene ýetýän uzyn diliň bar diýýärler. Näme, ony hökman men saňa kesip bermelimi? Özüň kesip bileňokmy?

Janahyr halwaçy şelaýyn ýylgyryp dur. Onuň ýylgyrmasyndan merdanalygy, gorkmaýanlygy duýulýardy.

– Meniň günäm näme?

– Wa, sen maňa eden ýamanlygyňy-da bileňokmy?!

Halwaçy ýene şelaýyn ýylgyryp, Tümen bege kinaýatly ýüzlendi:

– Men näme edipdirin?

Tümen beg ýanyndaky oglanlaryň eşitmezligi üçin Janahyr halwaçynyň alkymyna dykylyp baryp, ýuwaşja gürledi. Onuň näme diýenini Janahyr halwaçydan başga hiç kim eşitmedi.

Tümen beg öz aýdýan sözüni ýanyndakylaryň eşitmegini islänok, diýmek, gürrüň onuň mertebesini masgaralaýan, degnasyna degýän söz bolmaly ol.

Janahyr halwaçy Tümen begiň sözlerinden soň bujagy çözlene döndi. Aýdylan sözler hakykat bolarly, ony inkär etmedi, ýagşydan-ýamandan hiç zat-da aýtmady. Şondan soň Tümen beg hem gürlejek bolup durmady. Baryp atyna mündi. Birmeýdan töweregine garanyp durdy-da, öz ýigitlerine buýruk berdi:

– Öýüni kelete[10] ediň, otlaň!

Bu habar Altynjany oňaýsyz ýagdaýa saldy. Ol howatyr bilen Habyla seretdi.

– Daýy! Janahyr Geçdekiniň öýüni näme üçin otlatmakçy bolýarsyň? Halwaçy Iman diýen oglunyň ölüminem Sadylladan – bizden görüp ýör, meni halanok ol, menden öçli ol. Öýüniň kelete edilmeginem menden görer. Öýüni kelete etme, otlama!

– Haý, ýegenim! Men seni beýle towşantüýsüň öýtmeýärdim. Beýle towakgaň bar bolsa, öň aýtmaly ekeniň! Men indi buýurdym. Buýrugymy nädip yzyna alaýyn?

– Onuň etmişi näme?

– Bu çopur pelit oguzyň iň ýekinde ýigrenýän işini edipdir.

– Näme?

– Meni Altyndaşa satypdyr.

Kabyl elewredi:

– Daýy, Janahyr Geçdeki halwadan başga zat satjak adam däl. Bu ýerde bir ýalňyşlyk bar.

Altynjan Kabylyň sözüni makullady:

– Kabyl dogry aýdýar. Biz Janahyr raýisi tanaýarys, ol diňe halwa satýar. Onsoňam Janahyr babamyň aşnasy. Aşnasynyň öýüniň kelete edilendigi, otlanandygy hakda eşitse, babam ymgyr gaharlanar, bize-de söger.

– Näme, näme? Babaň şeýle şugul adam bilen aşnamy?

– Janahyr halwaçy bilen babam – içen suwy aýry geçmeýän razdaş.

– Görer göze gowy adam ýaly bu, ýöne munuň içinde ýylan bilen içýan mesgen tutupdyr. Seret, daşky sypaty garakçylyk edýän adama meňzeýärmi? Daşyndan seretseň, ýamanlyk çykjak adama meňzänok. «Daşy jäjek, içi möjek» diýilýänleri bu. Aşa sypaýy adamlar iň ýaramaz adamlardyr. Aşa sypaýy adama

gabat gelseň, gaçgyn. Sypaýyçylyk – olaryň galkany, ýüzleriniň perdesi . Ýamanlygyň döremegine ýol bermeli däl. Ot tutaşansoň öňüni almak kyn düşýär. Men bu çopuryň bet matlabyna ýol bermerin.

* * *

Yza gaýdyşyn hiç kimden ses-selem çykmady.

Tümen beg Altynjanyň içki islegini bilenligi üçinmi ýa gyssagly işiniň barlygy üçinmi, Zamahşarda uzak eglenmän gitmek bilen boldy.

Tümen beg gitmekçi bolanda Altynjanyň ýanyna geldi:

– Ýegenim – erkeklerden ýegim meniň. Saňa möhüm habar aýdaýyn.

– Aýt, daýy. Men syr saklap bilýän mähekdaşydyryn.

– Ony aýtmasaňam bolar. Men seniň syr saklap bilýäniňi-de, merdanalygyňy-da bilýärin. Mesaýkysy, ýegenim, gije ýatanyňda işigiňi içinden kiltläp ýatýarsyňmy?

– Ýok, kiltlämok.

– Içerde senden başga kim bolýar?

– Işigagyzda kenizim ýatýar. Muny näme üçin soradyň, daýy?

– Derýanyň aňyrsyndan – öýden ýük geler. Şol ýüki saňa tabşyrmakçy.

– Nähili ýük?

– Gelende görersiň. Ol işi diňe ikimiz bilmeli bolarys. Men saňa öňünden hiç zat aýtmaýyn. Ýöne iş bitse, men ýanyňa – şebistanyňa bararyn. Barsam, gorkaýmagyn.

Altynjan güldi:

– Daýy, gorky diýýän zadyň iýilýän zatmy?

– Mesaýkysy, men bararyn.

– Haçan?!

– Haçan geljegimi özümem takyk bilemok. Mesaýkysyny diňe Perwerdigär bilýär. Gepleşdikmi?

– Gepleşdik.

Altynjan Rüstem Zal, ýagşyzada hasaplap ýören daýysyna garaýşynyň sowaşmasyna teý doly akyl ýetirip bilenokdy. Ol daýysynyň Arsahuşmisen şäheriniň bazarynda adamlary jezalandyryşyny görende oňa guwanypdy. Bir aýalyň kellesi öňüne togalanyp düşende gorkmandy. Ol aýalyň iki örüm saçyny ýylana meňzedipdi. Ýöne Janahyr halwaçynyň öýüniň başda kelete edilip, soňundan otlanmagy welin, onuň aňynda harasat döredipdi, daýysyny rehimsiz hasaplapdy.

Janahyr emir hakykatdan-da çopurdy, atan-satandy, ýöne sypaýy, hoşgylaw adamdy. Ol Zamahşara köp gelerdi. Abdylmälik han bilen mesaýy gürrüň edip uzak oturardy. Ol gelende emiriň göwni açylýardy. Aňsat-aňsat gülmeýän emir Janahyr halwaçynyň käbir sözüne heziller edip gülýän pursatlary az bolmaýardy. Şeýle bolansoň, Kabyl dagy Janahyr halwaçynyň Zamahşara köp gelmegini islärdiler.

Halwaçy ýuwaş gürleýärdi, kiçigöwündi, Kabyl bilen Habyla, Sadyllaga gep goşardy. «Nesip bolsa, her biriňiz bir etrabyň raýisi bolarsyňyz» diýip, hoş söz aýdardy. Onuň sözleri Kabyl daga hoş ýakýardy.

Ol ogullarynyň urlandygy üçin öňem birki gezek arz edip gelipdi. «Meniň ogullarym mydama siziň gullugyňyzdadyrlar. Siz näme buýursaňyz ýok diýmezler, aýdanyňyzy ederler, ýöne siz beýdip möçükdirip urmaň olary» diýip, özelenmek özelenerdi. Kabyl dagy halwaça indi gaýdyp urmazlyga söz bererdiler, ýöne şol günüň ertesi, babasyna ýamanlandygy üçin, onuň ogullaryny ýene urmak urardylar.

Bu gezek jeza çökder boldy!

Janahyr halwaçynyň öýi otlandy! Bu habar hökman Abdylmälik hana ýeter. Soňunyň nähili boljagyny göz öňüne getirmegem gorkuly! Hudaý saklasyn!

Öýüň ýanyp durşy Altynjanyň göz öňünden gidenokdy.

* * *

Altynjanyň uklamasy aňsatdy, islän pursady uklap, islän pursady-da oýanyp bilýärdi. Öňler aňsatlyk bilen uklan-da bolsa, ol bu gije teý uklap bilmedi. Kellesine gum dykylan ýalydy. Ilkagşam çala ymyzgandam, ýöne sähel salymdan oýandy. Indem ukusy tutmasa näme! Uklamak üçin her iş edip gördi: sagyna ýatdy, çepine ýatdy. Gözlerini ýumup, hiç bir zat hakda oýlanmazlyga çalyşdy, üstüne ýorgan örtdi, barybir, uklap bilmedi.

Altynjan hiç wagt ýorgany başyna büräp ýatmazdy, şeýtse demigerdi. Howa hernäçe sowuk bolsa-da, ýorgan ýapynman ýatardy. Has sowuk gijelerem ol ýorgandan kellesini çykaryp ýatardy. Akgyz onuň üstüni

dańdana çenli zol-zol ýapmaly bolardy. «Durmuşdan gorkýan, ýöwsel adamlar ýatanlarynda ýorgana çümüp ýatýarlar. Gaýduwsyz, tekepbir, özdiýenli adamlar ýatanlarynda ýorgandan kellelerini çykaryp ýatýarlar. Kelleleriniň üstüniň ýorgan bilen örtülmegini olar sütem hökmünde duýýarlar. Melikäm, seniň ýatyşyňdan gaýduwsyzlygyň duýulýar» diýip, Gülýüzli birki gezek aýdypdy. Altynjan akgyzyň bu sözlerini ýadyndan çykarmandy, ony köplenç öz ýanyndan ölçerip-dökýärdi hem bu pikiri makul hasaplaýardy.

Akgyz pelsepe otarmagy gowy görýärdi. Sebäbi melikesi onuň pelsepelerine maýyldy. Ony käteler akyldar Faraby, Eflatun diýip atlandyrardy. Melikesiniň özüni diňleýänligine gylawlanyp, Gülýüzli hasam joşup gürlärdi. Asylam ol gürlemegi gowy görýärdi. Gürlemese, hiç zat iýesem gelmezdi. Wah, onuň özünde pikir ýokdy. Onuň artykmaçlygy – ýatkeşligidi. Bir eşiden sözüni aňsat-aňsat ýadyndan çykarmaýardy. Melikesiniň gowy görjek sözlerini bilýärdi ol. «Gije ýatanda käbir kişi sag tarapyna ýatýar, başga birleri bolsa sol tarapyna ýatýar. Sag tarapyna ýatmagy endik edinen kişilere ýalan-aldaw, mekirlik mahsus bolýar. Sol tarapyna – ýüreginiň üstüne ýatýan kişiler hyjuwly, her bir işe düýrmegi, ýüregi bilen ýapyşýan, batyr adamlar hasap edilýär. Özem beýle kişileri aldamak hem asan hasap edilýär. Olar ýumurtga saç çykypdyr diýilse-de ynanýarlar...» Gülýüzli bu sözleri aýdanda Altynjan onuň sözlerini makullapdy: «Dogry şol, dogry. Sen meni mydama aldap ýörsüň!»

Hana, häzir Altynjanyň akgyzy Gülýüzli işigagyzda süýji uklap ýatyr, özi welin uklap bilenok. Ol bir eýlesine, bir beýlesine agdarylyp, uklamak üçin gara çyny bilen çalyşdy. Tümen daýysy alasarmyk halda göz atuwynda janlandy. Ol gyzyl oduň içinde oňa nämedir bir zatlar diýip gygyrdy. Altynjan näçe mukym bolsa-da, daýysynyň aýdýan sözlerini eşitmedi. Birden şatyrdap ýanýan oduň sesi eşidilýän ýalydy. Uklap bilmejegini aňan Altynjan garysyna galdy. Içeride öçügsije çyra ýanýardy.

– Akgyz?!

Ikinji gezek ady tutulanda Gülýüzli tisginip oýandy:

– Melikäm, size bir zat gerekmi?

– Men uklap bilemok. Näme üçinkä?

– Maňa aýdaýmaly ekeniňiz. Uky damaryňy owkalap berip, ýumşatsam, derrew uklardyňyz. – Gülýüzli uky damaryny owkalamak üçin melikesiniň ýanyna gelip otyrdy.

– Düýşüňde ýalyn görmek nämäniň alamaty bolmaly?

– Ýalynmy ýa ot?

– Näme tapawudy bar onuň? Ikisem bir zat dälmi?

– Däl. Ot bilen ýalnyň parhy bar. Onsoňam nähili göreniňe bagly...

– O nähili?..

– Wa, melikäm, ýalny, ody her hili ýagdaýda görüp bolar. Ot ýakmak – yşka ulaşmak. Melikäm, siziň düýşüňize ýalyn giren bolsa, onda bu – bir goç ýigide şu günde-ertirde göwün berjekdigiňiziň alamaty. Hakyt şeýle bolar bu, melikäm! – diýip, akgyz Altynjany garsa gujaklady.

– Dur, dur, eý, Eflatun, sen meni aldama.

– Men sizi aldamok, melikäm.

– Sen maňa hakykaty aýtmaýarsyň. Sen şatyrdap ýanýan oduň nämedigini bilýärsiň. Sen ot diýdiň, ýalyn diýdiň, ýöne sen olaryň tapawudyny aýtmadyň...

– Men häzir aýdaýyn, melikäm. Ot ýakmak – söýgä uçramak ýa gowy ýigide äre çykmak, ody söndürmek – äriňden aýrylyşmak, şowsuzlyga uçramak.

– Men öçürmedim...

– Men bilýärin-ä, siziň hiç wagt ody öçürmeýändigiňizi. Awa gidenimizde-de siz ýeke gezegem ody söndürmediňiz, «Goý, doly ýansyn» diýdiňiz her gezek. Oduň alawlap ýanmagy – şatlyk, nämedir bir zada begenjekligiň alamaty; oduň tüsseläp ýanmagy – bir ýalňyşlyk goýberjekdigiň alamaty; oduň içinden ylgamak – ýalançylaryň aldawyndan halas bolmak; bedeniň oda ýanmagy – ile metdi-ryswa bolmak. Ýalyn bolsa – bagty çüwmeklik, köp tyllaly bolmaklyk.

– Köp tyllaly bolmak?!

– Hawa, melikäm, ýalyn – köp tyllaly bolmak. Köp tyllaly bolmak diýende harwar-harwar tylla düşünmeli däl.

– Onda nämä düşünmeli?

– Harwar-harwar tyllaly äre durmuşa çykmaga düşünmeli.

– Eý, Eflatun, seniň aňyňda ärden başga pikir ýok. Sen düýş ýorsaň, hökman är bilen baglanyşykly bolaýýar-la?

– Siziň görýän düýşüňiz şeýle-dä, melikäm. Men siziň düýşüňizi nädip üýtgedeýin?

– Sen maňa güýçli ýalnyň nämäni aňladýandygyny aýdyp ber.

– Güýçli ýalyn – güýçli gorky. Meger, bir zatdan aşa gorkmagyňyz mümkin. – Gülýüzli bu sözüni aýdyp gutarmanka daşardan kimdir biriniň aýak sesi eşidildi.
Altynjan eline hanjaryny aldy.
Işik ýuwaşja açyldy:
– Ýegen! Altynjan!..
– Wa, kim bar?!
– Altynjan! Bu men – daýyň Tümen!
– Daýym! Geliň!
Tümen beg çekinjeňlik bilen içerik girdi.
– Uklamanmydyň? Men-ä uklap ýatansyň öýtdüm.
– Geljek diýip giden günüňizden bäri uklap bilemok. Maňa bir zad-a boldy. – Altynjan sypasyndan düşdi-de, daýysynyň ýanyna geldi.
– Onuň sebäbini men çala çak edýärin.
– Näme?!
– Sen: «Daýym derrew geljek diýip gitdi. Şindem gelenok. Oňa bir zat bolan bolaýmasyn?!» diýip howsala düşensiň.
– Gözlerim ýoluňyzda boldy.
– Garaşandygyňy bilýärin.
– Eýgilikmidir, daýy?
– Mesaýkysy, ähli zat gülala-güllük. Pikir edişimdenem kän gowy boldy. Käbir zatlary seniň bilen maslahatlaşaýyn diýibem, görşüň ýaly, ýanyňa geldim.
– Şeýle nahanmy? Şeýle gyssaglymy?
– Şeýle gyssagly, şeýle nahan bolmasa, ýarygije ýanyňa gelmezdim-ä, ýegençäm.
– Siziň üçin men özümi oda urmaga-da taýýardyryn, daýy.
– Özüňi oda urmagyň geregi ýok. Hany, aşak oturaly – diýip, Tümen beg ellerini hereketlendirip öndedi. Aşak oturan Tümen beg içerde ýegeniniň ýeke däldigini – akgyzyň hem serasyma bolup durandygyny saýgardy. – Akgyzyň öz otagyna gitsin!
Gülýüzli gaty-gaty ýöräp, içerden çykyp gitdi.
– Men näme etmeli, daýy?!
– Altynjan! Mesaýkysy, men uzak oýlandym: kime ynanmaly, kime syrymy açmaly diýip. Onsoň men kän-kän adamlaryň, ýegenlerimiň içinden diňe seni saýladym. Meniň saňa göwnüm ýetýär. Sen – ot-ýalyn. Mesaýkysy, sen ýalyndan dörän ýegenim meniň. Sende ýekeje aýp bar, ol aýbyňy özüň hem bilýänsiň, ol aýbyň – gyz maşgaladygyň. Ýöne sen gyz maşgala bolsaň hem men-men diýen janymak är ýigitlerden birjik-de kem däl. Gaýtam, artyk sen! Allatagala seni erkek edip ýaradan bolsa, men gelip saňa gulluga durardym. Garaçynym, hyzmatyňda durardym.
– Teý ukym tutmady, megerem, siziň geljekdigiňiz üçin bolsun gerek.
– Men seniň bihal däldigiňi bilýärin-ä! Sen soltan Mahmyt Gaznalydan – beýik soltandan pataly gyz! Sen hökman baý bolarsyň.
Altynjan daýysynyň bu sözüni halamady:
– Men baýlygy başyma ýapaýynmy?
– Ýegençäm, beýle diýme. Baýlyk – uçar ganat! Baýlyk – samsam gylyç! Baýlyk – Hudaýyň ýardamy, ol hökmürowanlyk!
– Men sizi baýlykdan beýik hasaplaýaryn.
– Wa, ýegençäm, baýlykdan beýikde diňe Alla bar, baýlyk bolmasa – Alla ýardam bermese, maksadyňa ýetip bilmersiň. Baýlyk ýok ýerinde mertebe-de ýok.
– Daýy, ýalňyşýarsyňyz. Meniň baýlygym ýok, ýöne özümi mertebeli[11] duýýaryn.
Tümen beg Altynjanyň kejirligini halamady, biraz dymyp, toşaňly dillendi:
– Ýeri, esasy gürrüňe geçeli.
– Hyzmatyňyza taýýar men, daýy.
– Meniň häzirki aýtjak sözümi sen hiç kime aýtmaly dälsiň. Eneňe-de aýtmaly dälsiň. Hiç kime!
– Hiç kime aýtmaryn diýip öň aýtdym-a, daýy.
– O gürrüňimiz hasap däl. Ant iç!
– Hökmanmy?!
– Hökman!

– Hezreti Günden ant içýärin! Enemiň ak süýdünden ant içýärin: öldürselerem hiç ýerde hiç zat aýtmaryn.
– Indi meni ünsli diňle. Ýene sähel salymdan şu ýere altmyş düýeden ybarat bir kerwen geler. Ol düýeleriň ýüklerini howla düşürerler. Kerwen gidip, mirşepler gelen ýükden ünslerini sowanlaryndan soň, ähli kişiden nahan ýigrimi düýäniň ýüküni – kyrk haltany seniň şebistanyňa getirmeli.
– Şu ýerikmi?
– Şu ýere!
– Näme üçin?
– Seniň ýatan sypaňyň aşagyny gazyp, çukur edip, şol çukura şol haltalary gömmeli.
– Köp wagtlap durmaly bolarmy?
– Belli däl.
– Uzak wagtlap dursa, haltadaky zatlaryňyz çüýremezmi?
– Tylla, lagl-jowahyr, gymmatbaha daşlar çüýräpdir diýip, heý, eşitdiňmi?
– Ýok, eşitmedim, gymmatbaha daşlar çüýremeýär.
– Mesaýkysy, öz sowalyňa özüň jogap berdiň. Öz beren jogabyň bilen kanagatlanjakmy ýa şerribasy bilen gürrüň bereýinmi?
– Wa, daýy, onça-da bir baýlyk bolarmy?
– Howlukma, onça baýlygyň bolýandygyny-bolmaýandygyny içeri getirenlerinde görersiň.
– Men näme edeýin olary?
– Hiç zat etme.
– Meniň wezipäm näme?!
– Gorap saklamak.
– Soň?
– Soňuny soň göreris, arkaýynçylykda gürleşeris.
– Babam näme diýer?
– Babaň hiç zat bilmeli däl. Men onuň bilen ýüküň geljekdigi hakda eýýäm gürleşdim.
– Ol bilýärmi?
– Ol diňe kerweniň ýarygije geljekdigini bilýär.
– Kerweniň ýüki bilen gyzyklanar-a ol?!
– Elbetde. Goý, gyzyklansyn. Men ähli zady oýlandym. Seniň sypaňyň aşagyna gömjek-gizlejek bolýan kyrk halta tyllamyz hakda diňe ikimiz bilýäris. Başga hiç kim bilenok. Mysaýkysy, meni diňle! Esasy ýük ýigrimi düýede. Galan kyrk düýedäki ýük esasy ýükden göreniň gözüni güýdüşdirmek, ünsüni sowmak üçin gerek. Mysaýkysy, kerwen Arsahuşmisenden gelýär. Onuň içinde temençeden başlap, kündüge çenli bar. Kumaç bar, ýüpek bar. Hurma bar. Owadan gap-gaçlar bar. Adyny tutan zadyň bar. Häzir kerwen geler. Mirşepler ýükleri düşürmäge ýardam bererler. Bilýärin, Abdylmälik hem gelip ýüke sereder. Soň gider, ýatar. Mirşepler hem ýüküň ýanyndan giderler. Daň atyp ugramazyndan sähel öň meniň oglanlarym nahanlyk bilen kyrk haltany şu ýerik getirer.
– Enem görer?!
– Eneňi rahatlandyrmak seniň işiň. Onsoňam haltalary getirenimizden soň sen eneň ýanyna gidip ýat. Sebäp bu ýerde rahat uklap bilmersiň.
Böwrüne biraz salym diň salyp duran Altynjan kesgin gürledi:
– Aýdyşyňyz ýaly ederin.
– Senden tamam hem şeýle.
– Daýy, kimdir birini taladyňyzmy?
– Ýok, talamok.
– Onda bu baýlyklar kimiňki?!
– Men saňa düşündireýin, ýegenim. Bu baýlyk talaňçylyk bilen gazanylan baýlyklar däl. Bu baýlyklar – babam Tahyr Afrasýabyň maňa galdyrýan mirasy. Zamana parahat bolan bolsa, onda bu baýlyklary bu ýere getirmesem-de bolardy, ýöne ertirki güne ynamym ýok. Şonuň üçin häzirki döwürde bu baýlyklary öýde saklamak örän gorkuly. Iki gezek meniň hem babamyň öýde ýoklugyndan peýdalanyp talaň etjek, ogurlajak bolup synanyşdylar. Üçünji ýa dördünji synanyşygyň şowly bolmagy mümkin ahyryn! Men bu baýlyklaryň ogrulara, kellekeserlere şam bolmagyny islämok. Onuň üstesine-de, meniň kastyma çykanlaram köp. Näme üçin? Sebäbi men ogrulara, kellekeserlere geçirimlilik edemok. Olary rehimsizlik bilen jezalandyrýaryn. Şonuň üçin hem men bu baýlyklary saňa tabşyrýaryn. Ýalňyz oglum Anuşirwany-da saňa tabşyrýaryn. Eger meniň başyma bir ýowuz kysmat düşse, mysaýkysy, ölsem, sen meniň oglum Anuşirwana

eýe dur. Ony hiç zada hor-zar etme. Ýegenim, sen bir zady bek bil: seniň daýyň Tümen beg Allatagalanyň beren ömrüni halal ýaşady. Ýeke gezegem haram iýmedi, çagasyna-da haram iýdirmedi. Daýyň babatda seniň, oglum Anuşirwanyň, nesip bolsa, hiç ýerde ýüzi gyzmaz! Men sebäpli aýagyňyza tiken batmaz!..

– Size hiç zat bolmaz, daýy. Halal adamlary Alla goraýar.

– Agzyňdan Hudaý eşitsin, ýöne Allanyň haramylary goran gezeklerini hem kän gördüm men. Men Allanyň özüme eçilen kysmatyndan müň keren razy. Men özümi bilip merdi-merdana ýaşadym, haýra ýaran, şere galkan bolup ýaşadym. Ejize ýaran boldum, haýyr işleriň ugrunda gezdim. Şere garşy darkaş gurdum. Şerbazlaryň ýüzüne durdum, ýüregimdäkini aýdyp, islänimi edip ýaşadym. Sen entek ýaşawa, wagty gelende, bu dünýäde ýüregiňdäkini aýdyp, isläniňi edip ýaşamagyň nähili manyly, eşretli hem kyn zatdygyny bilersiň. Mysaýkysy, bu dünýä geldiňmi, adam diýen ada mynasyp bolup ýaşamaly. Goý, adamlaryň saňa gözleri gitsin – ine, durmuşyň manysy şunda!

– Men size guwanýaryn, daýy! Siz näme etmegi buýursaňyz, buýrugyňyzy gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirerin.

– Häzir meniň üç sany jansyzym çukur gazmaga girişsin.

Tümen beg daşarda garaşyp duran üç sany jansyzyny ýanyna çagyrdy. Jansyzlar içeri girdi. Tümen beg olara etmeli işlerini pyşyrdap düşündirdi.

Jansyzlar işe girişdiler: sypany duran ýerinden süýşürip, çukur gazmaga başladylar.

* * *

Kerwen geldi.

Ýüki howlynyň ortasynda düşürdiler.

– Ertir günortan alyp gitjekmi? – diýip, egnine çuha – çäkmen ýelbegeý atynan Abdylmälik han Tümen bege ynamsyzlyk bilen ýüzlendi.

– Hökman, hökman äkitmekçi. – Tümen beg ýantgap gürledi.

Altynjan daýysynyň bu sözüne çalaja ýylgyrdy. Sebäbi ol ertir gidilmejekdigini bilýärdi. Bu gije çukur gazyp gutarmazlar, ertir hem gazmaly bolar. Çukurdan çykan gumlary haltalara gapgarmaly. Kyrk halta gumy gündizlikde daşaryk çykaryp bolmaz. Ony gije çykarmaly bolar, howlynyň ortasyndaky ýükleriň içine eltip goýmaly. Bu işleri erte agşam, ýok, erte ýarygijeden soň etmeli bolar. Kerwen birigün ýola düşer. Kerwen bilen daýysy gidermi? Megerem, birki gün Zamahşarda galsa gerek. Eden işiniň nähili ýagdaýdadygyny anyklamasa, rahat ýatyp-turup bilmez-ä ol.

Aýallar özleri babatda däl-de, başgalar babatda duýgur, juda duýgur bolýar. Hajar hatyn gyzynyň içki harasadyny derrew duýdy:

– Gyzym, sen öňki Altynjan-a däl. Bir ünjiň bar seniň. Menden gizleme, gyzym, aýt.

– Ýok, ene, meniň hiç hili ünjim ýok.

– Sen menden bir zad-a gizleýärsiň?

– Gizleýär, gizleýär, hatyn. Melikämiň näme gizleýändigini men bilýärin – diýip, Gülýüzli ýylgyrjaklady. – Uzak gije uklamady...

Wah, Gülýüzli görgüli öz melikesiniň düýş görendigini, ýakyn wagt ýşka uçrajakdygyny, maňlaýynyň açyljakdygyny, bir janymak gerçege göwün berjekdigini aýtmakçydy. Şeýdibem hem Altynjanyň, hem Hajar hatynyň göwnüni awlamakçydy. Haýp, ýetişmedi. Altynjan daýysy bilen baglanyşykly syryň üstüniň açylmagyndan gorky edip, akgyzyň üstüne ýaraly ýolbars deýin arlap atyldy.

Adam bu dünýäde ýaşap ýörse, her hili zady görýär, her hili ahwalatlaryň üstünden barýar. Käte görmeli däl zatlaram görýär. «Wah, şol pursady görmedik bolsam gowy bolardy» diýip, ahmyr edýär. Gülýüzlüniň düşen kysmatyny-da görmediginiň, eşitmediginiň gowy. Bu hakda däl-de, başga-başga zatlaryň gürrüňini edeniň ybaly. Şonuň üçin Altynjanyň akgyzyň üstüne nädip özüni zyňandygy hakda-da hiç zat aýdylmasa gowy boljak. Edere başga gürrüň kän ahyryn.

Mansur gapydan uzynly gün howlynyň içinde doňuz diňini salyp geçirdi.

– Bir ýerden ses çykýarmy ýa meniň göwnümemi? – diýip, Mansur ýüküniň ýanynda duran Tümen bege birki gezek sowal berdi.

– Men-ä ses eşidemok. Hatynlar eşitgir bolýar. Altynjan, sen ses eşidýärsiňmi?

– O nämäniň sesi? Men-ä eşidemok.

– Size bir zad-a bolýar. Ýüzüňizem-ä duw-ak. Janyňyz beri sagmy siziň?! Altynjan, Mansur daýyň ýüzüne seret, öz-ä öňki ýüz däl.

– Dogry, dogry. Mansur daýy, size bir zad-a bolupdyr. Gulagyňyza ses eşidilip ugran bolsa, bu gowulygyň alamaty däl.

– Altynjan dogry aýdýar. Biziň diwanymyzda Gaýyp diýip biri bardy. Şolam «Gulagyma ses eşidilýär» diýip günortana çenli birki gezek aýtmaga ýetişdi, günortandan soňam neresse boldy. Biçak gowy ýigitdi. Ýatan ýeri ýagty bolsun.

– Wa, daýy, şo dag ýaly Gaýyp gaýyp bolaýdymy?

– Wa-daryg-a!.. Wa-hasrat-a!..

– Gülaýym neressäniň hem, Sökmen pälwanyň hem ölmezlerinden öň gulaklaryna ses eşidilipdir. Özüňi tebibe görkezäý, Mansur daýy – diýip, Altynjan halymsyrady. – Ýüzüňizde adam peşweri galmandyr.

– Golaý-goltumda tebip barmy?

– Bar, bar – diýip, Mansur Tümeniň sowalyna jogap berdi.

– Mansur, saňa hiç zat bolmasyn hernä! Saňa bir bolmasyz zat bolsa, men-ä gaty gynanjak.

– Menem gynanjak...

Mansur polanyň, dogrudanam, haly perişanlaşyp ugrady. Öýleden soň ýagdaýy hasam beterleşdi. Ony göterip tebibe äkitdiler...

## 5.

Şol günden iki aý soň Arsahuşmisenden habar geldi: Tahyr Afrasýabyň aýaly – Altynjanyň mamasy agyr syrkaw ýatyr, ol gyzy Hajary görmek isleýär.

Abdylmälik han mundan on bäş gün öň soltan Masut Gaznalynyň çakylygy bilen jihada gidipdi, yzynda Mansury goýupdy. Mansur pola Omary baş edip Hajar hatyny, Kabyly, Habyly, Anuşirwany, Altynjany Arsahuşmisen şäherine ugratdy, olary Jeýhundan geçirip goýberdi.

Tahyr Afrasýabyň hatyny gyzy Hajar bilen hoşlaşmak üçin garaşan bolarly. Ol gyzyny görüp, gözünden ýekeje damja gaçyrdy. Ýekeje damja! Altynjan gözden çykan sol ýeke damjany eda bilen syldy. Ene dilden-agyzdan galan eken. Şol ýeke damja enäniň diriliginiň ýeke-täk alamaty boldy. Gije bu dünýä bilen hoşlaşdy.

Arsahuşmisene Anuşirwanyň hem gelendigini görende Tümen beg gaharlandy:

«Sen näme üçin geldiň? Men saňa Zamahşarda gal!» diýdim ahyryn! Sen näme üçin meniň aýdanymy etmediň?!»

«Daýy, Anuşirwany men alyp gaýtdym. Sebäbi siz ony maňa tabşyrdyňyz. Men ony Zamahşarda goýup gaýdan bolsam, bu ýerde arkaýyn oturyp bilmezdim».

* * *

Altynjan babalarynda bolup, daýysy Tümeni ilkinji gezek tukat keşmerde gördi. Öň onuň ýüzi mydama ýylgyrjaklap durardy. «Daýymyň ýylgyrmaýan, gaharlanýan pursady ýokdur» öýdýärdi. Altynjan daýysynyň gamly keşpde bolmasynyň sebäbiniň diňe ejesiniň ölümi sebäpli däldigini bu ýerde bolan onunjy güni bildi. Kakasy Tahyr Afrasýabyň ýanynda:

– Kynyklardan Seljuk ýabgu diýip biri döräpdir. Ol ýogalyp, onuň ýerine uly ogly Ysraýyl ýabgu bolupdyr. Çägede san bar, olaryň neberesinde san ýok. San-sajaksyz ýygyn olar. Ak çekirtge deýin, baran ýerini ýalap-ýülmäp barýarlar. Olardan Gutulmyş, Togrul, Çagry diýip üç sany garadangaýtmaz serkerde döräpdir. Olar biziň başymyza towky bolup indiler – diýip, Tümen beg odukdy.

– Kynyklar diýip köp eşitdim, ýöne Seljuk ýabgu diýip, Ysraýyl diýip, Gutulmyş diýip, Togrul, Çagry diýip, men birinji gezek eşidýärin – diýip Tahyr Afrasýap agyr dem aldy.

Altynjanyň zenan bilesigelijiligi örç aldy:

– Kynyklar diňe Dargan sebitlerinde ýaşaýarmy, daýy?!

– Olaryň ýetmedik ýeri ýok. Olar diňe Heýtelede, Horezminde däl, Horasanda-da kän. Ýöne biziň başymyzdan towky bolup inen ganhorlar – kynyklaryň Seljuk neberesi. Nämemiş, seljuklylary soltan Mahmyt Gaznaly gowy görenmiş. Soltan olara Balkanda bäş-alty sany welaýaty ykta-başbugluk berenmiş.

– Soltan olary näme üçin gowy gördükä?

– Eşidişime görä, seljuklar soltanyň Mamuny mugyra getirmegine kömek edipdirler. Olar indi islendik wagty Altyndaşyň dergähine baryp bilýärmişler, özlerini Altyndaşdan kem görmeýärlermiş. Olar gaty okgunly, gije-gündiz ýatanoklar. Özem olar baran ýerlerinde kelete eýläp, ýakalaryny tanadýarlar, oňşanoklar. Şeýle bolansoň, olary kowýarlar. Olary başda Ýaňykentden kowdular. Ýaňykentden gaçyp

Jende geldiler. Jentde Aly patyşa bilen oňuşmadylar. Soň olar gaçyp Buharanyň Nur welaýatyny mekan tutundylar. Olar bu ýerde-de garahanly Alytegin bilen oňuşmadylar. Soň bular gaçyp Horasana gidermen boldular. Ana, şonda-da Altyndaş olara howandar çykdy: Gauhor, Rabat-Maşe, Şaruhan etraplary[12] ykta berdi. Olar diňe akyn[13] bilen gün görýärler, olar diňe barjamly adamlary talap, tumaýak galdyrýarlar, ellerinden iň soňkuja hepbesine çenli zomluk bilen alýarlar. Mesaýkysy, men olaryň akynlaryna ýol bermeýärin, ölerin welin, olary Arsahuşmisene gelmez ýaly ederin. Gaty hüşgär bolmaly, ýogsam köp ogrular, kellekeserler, garakçylar galp ada dulanyp, etjegini edýärler. Galp ada duwlanmak soňky döwür bu ýerde ýoňa öwrüldi. Masudyň adamlary topar-topar bolup aýlanyp ýörler. «Men soltan Gaznalynyň serkerdesi» diýip, yzyna otuz-kyrk kellekeser tirkäp ýörenem bar. Alyteginiň adamlaram bar. Şamälik hem bir ýerde duranok. Mysaýkysy, gara der döküp gazanç etjek bolýan az-az, yzyna biwazy meslekdeş ýygnap, barjamly adamlaryň öýlerini talaýarlar. Biziň şäherimizde dört sany barjamly adamyň öýi kelete edildi. Öýdäki ähli adamlary öldürip, baýlyklaryny alyp gidipdirler. Beýik Perwerdigäriň izni-goldawy birle, men dört öýi tozduran, adamlaryny öldüren kellekeserleriň ählisini tapdym, tutdum. Jezalandyrdym. Şu eden işim üçin şäher ilaty maňa alkyş okaýar, Janahyr pisintler bolsa, maňa ýamanlyk etjek bolýarlar.

– Halwaçynyň garakçylar bilen näme dahyly bar?

– Sen ol ýigrenjini tanaňok. Şäherdäki dört talaňçylygy eden toparyň biri Janahyr halwaçynyň adamlary eken. Ol toparyň serdary halwaçynyň inisi Dagbaşy bilen Gündiz diýen ogly eken.

– Men Gündizi tanaýaryn. Ol goýun ýaly ýuwaş. Men onuň iki gezek urup burnuny ganatdym.

– Daşyndan ýuwaş görünýän adamlardan ägä bolgun, ýegenim. Meniň ýaly açyk, ýüregindäki dilinde diýilýän adamlardan gorkup oturmagyn. Olaryň ýüregi arassadyr. Aşa sypaýy, aşa ýuwaş adamlaryň welin, içi ýylan bilen içýandyr.

– Oglum, sen köp-köp barjamly adamlaryň galplyklarynyň üstüni açyp, olary agyr güne saldyň. Onsoň olaryň saňa geçirimlilik etmejekdigi düşnükli. Ar almak oguzyň ganynda bar. Olar bu gün seljuk adyny tuwak edinip, sebitde goh turuzýarlar, aslynda bu zatlardan seljuklylaryň habarlary-da ýoksa ýokdur – diýip, Tahyr Afrasýap janykdy.

– Eýsem men olaryň galplyklaryna, edýän pyssy-pyjurlyklaryna gözümi ýummalymy, baba?

– Iliň öňüne düşýän kişi biraz kör, biraz ker bolmaly, Tümen. Ýogsam saňa rahatlyk bermezler, hyştly köpeler.

– Babam, maňa rahat ýaşaýyş gerek däl! Goý, az ýaşaýyn, ýöne ýaşanymda ýagşa-ýagşy, ýamana-ýaman diýip ýaşaýyn.

* * *

Altynjan dagynyň Arsahuşmisene gelen ýigrimi birinji güni Tahyr Afrasýabyň mülkünde işleýän adamlaryň ikisi atlaryny elesledip geldi.

– Mülke Togrul Seljukly çozdy. Onuň adamlary mülkdäki jaýlary otladylar.

Tümen beg haýdan-haý ata atlandy. Altynjan doganlary bilen daýysynyň yzyna düşdi. Olar mülke barýançalar garaňky gatlyşdy. Aramgäh, göz-göz otaglar gyzyl ot bolup ýanýardy.

Töwerekde öňden işläp ýören adamlar bolaýmasa, del adam göze görünmeýärdi.

Tümen beg öz atlylaryna buýruk berdi:

– Kim eden bolsa, tapyp getiriň. Entek uzaga giden däldirler. Ýeriň deşigine girenem bolsa, Asmana uçanam bolsa, tapyp getiriň!

Her on bäş atly bir topar boldy, olar çar tarapa at saldylar. Belki, Togrul Seljuklydan uç tapylar?!

Altynjan ýataganyny galgadyp, iki ýana at saldy. Ol bu mahal Tümen daýysyna garşy çykan adamlary uçdantutma öldürmek hyjuwy bilen atyny howlukdyrýardy.

– Gözlerinde ot ýakaryn men olaryň! – diýip, ol zol-zol gaýtalaýardy.

Toparlar dumly-duşa pytrandan soň, demirgazyk tarapdan ýataganlaryň sesleri eşidilip ugrady.

Esli wagtdan soň garaşylmadyk habar aragaraňkylygy ýyldyrym bolup kesip geçdi:

– Tümen begi öldürdiler!

– Tümen begi öldürdiler!

Hiç kim bu habara garaşmandy. Asyl beýle ahwalata Tümen begiň özem garaşmandy. Bu dünýäde adamyň başyndan garaşýan zady däl-de, garaşmaýan, asla garaşmaýan zady köp inýär. Bu gezegem şeýle boldy. Tokaýlygyň içinden zompa çykan otuz töweregi atly Tümen begiň toparynyň üstüne topuldy. Megerem, olar tokaýlygyň içinden Tümen beg dagyny synlap duran bolmaly.

Ähli kişi darkaşyň bolan ýerine eňdi.

– Men Togrul Seljukly! Men entek gözüňize görkezerin siziň!
Bu ses has haýbatly, has wagşyýana ýaňlandy. Özem gaýta-gaýta ýaňlandy.
Tümen beg gara gana bulaşyp ýatyrdy.
Ol diridi, ýöne ýagdaýy agyrdy. Endamyna çar ýanyndan ýatagan sokulypdy. Ýataganyň sokulan ýerlerinden zogdurylyp akýan gany hiç zat bilen saklap bolanokdy.
Tümen begi şähere getirdiler. Tebip Tümen begi gözden geçirip, hyrçyny dişledi.
– Edip biljek alajym ýok. Onuň sagdyn ýüregi bar. Ol häzir diňe sagdyn ýüreginiň hasabyna ýaşaýar. Iň gowusy, hoşlaşyň.
Daň atdy.
Tümen begiň töweregindäki başagaýlyk, gaýda-gaýmalaşyk galdy. Adamlar bir gyra çekildiler. Ýakynlary ýeke-ýekeden onuň bilen hoşlaşdylar.
Tümen begiň ýüzi, öňküsi ýaly, nuranady. Şadyýandy. Ol göýä peýwagtyna ýatan ýalydy. Onuň ýylgyrjaklap ýatyşyny göreniňde agyr derdi çekýändir öýder ýaly däldi.
Hajar hatyn bilen Altynjan, Tümen begiň hatyny Şaýürek gözýaşlaryny saklap bilenokdylar, hünübirýan aglaýardylar.
– Wa-daryg-a! Wa-hasrat-a, daýy, saňa gelen dert maňa gelse bolmaýarmy? – diýip, Altynjan bagyryp-bagyryp waweýleta eýledi.
Tümen beg çalaja ýylgyrjaklap ýatyşyna pessaý ses bilen uýasyna ýüzlendi:
– Hajar, ýüksünmän meniň ýalňyz oglum Anuşirwana eýe duruň.
– Anuşirwanyň depämde orny bolar, doganym – diýip, Hajar hatyn Tümeniň ýanynda aglamakdan ýaňa gözleri gyzaryp, çişip giden Anuşirwany bagryna basdy.
– Anuşirwan, men seni daýylaryňa, Altynjan daýzaňa tabşyrýaryn. Şolaryň diýeni bilen bolgun. Bular seni hiç zada hor-zor etmezler. Mysaýkysy, näçe baýlyk gerek diýseň, Altynjan tapyp berer. Ol seniň baş hossaryň bolar. Unutma, Altynjan seniň baş hossaryňdyr. Men seniň ömrüňe ýeter ýaly baýlygy oňa berendirin...
– Wah, daýy!..
– Dur, dur, aýtma. Men seniň näme diýmekçi bolýandygyňy bilýärin. Seniň ol pikiriň nädogry – diýip, Tümen beg ýylgyrjaklap Altynjanyň sözüni böldi. – Altynjan, sen Anuşirwana düşündir, Beýik Allada bihasap zat ýok. Siz meni gowy görýärsiňiz, men size gerek, rast Alla sizden meni aýryp alýan bolsa, onda Alla size menden has gowy, has peýdaly birini berjekdir. Ýitirmän tapyp bolanok. Meni ýitirip, meniň ýerime tapjagyňyz menden has gowy bolar.
– Size taý tapylmaz.
– Altynjan, meniň şu sözlerimi, öz aýdan häzirki sözüňi ýene on ýyldan soň hakydaňda aýlagyn. Ana, şonda daýym weli eken diýersiň. Meniň weliligim – durmuşy bilýänligim. Aýralyksyz wysal ýok. Men bir zady magat bilýärin: Alla uly ýük urýarmy, diýmek, ol saňa uly ykbal taýynlaýar. Anuşirwanyň hem geljegi parlak bolar. Ol, Altynjan, seni-de, ähli ýegenlerini-de öz howandarlygynda saklar. Men öljegime gynanmaýaryn. Ölsemem, oglum Anuşirwana bürgüt bolup, ýol görkezerin, bagt görkezerin. Oguz hana gökböri ýol görkezen bolsa, Anuşirwana bürgüt bolup, men ýol görkezerin. Oglum Anuşirwan, başyňy belent tut. Gözüň mende – bürgütde bolsun, men seni bagta ýetirerin. Sen bolsa, öz ýegenleriňe howandar bolarsyň...
Şaýürek hiç zat diýip bilmän sessiz aglaýardy. Onuň gözýaş döküşini gören Tümen beg kesgit aýtdy:
– Şaýürek, sen Anuşirwanyň, Altynjanyň ýanyndan aýrylma. Maňa eden yhlasyňy indi bu ikisine et!
Erkek kişiler – Tümen begiň iň ýakyn adamlary Hajar hatyn dagyny goňşy otaga geçirdiler.
Gün äpet göwresini ýaňy Ýerden göterende Tümen beg dem almasy kynlaşýan ýaly, bir hokurdady. Bu iň soňky dem eken.
Tümen begiň ölümi Arsahuşmisen şäheriniň ilatyny gynandyrmak gynandyrdy. Çünki beg diňe bir barjamly adamlaryň däl, ähli garamaýak ilatyň-da çyn hossarydy, howandarydy.
Tümen begi jaýlamaga şäheriň tas ähli ilaty diýen ýaly geldi. Golaý-goltumdaky obalardan-da geldiler. Tümen begiň üýtgeşik adam, beýik muhtasyp bolandygy barada aýtdylar. Altynjan adamlaryň arasynda bolup, daýysy bilen baglanyşykly köp-köp gürrüňleri diňledi.
– Wa-hasrat-a, babam bu mahal soltan Masut Gaznalynyň ýörişinde-dä, ýogsam ol daýyma kast eden nejisleri hökman tapardy, olary hökman jezalandyrardy.
Altynjanyň aňynda diňe bir pikir bardy: Tümen beg üçin ar almaly. Hökman ar almaly! Özem ary Abdylmälik han däl-de, Altynjan almaly!
Altynjan özüniň bu pikirini ilki akgyzy Gülýüzlä aýtdy.

Gülýüzli bu pikiri oňlamady.
Altynjan bu pikirini ejesine aýtdy.
Hajar hatyn oňlamady.
Sadylla-da, Kabyl-da, Habyl-da, Anuşirwan-da bu pikiri oňlamady:
– Ar almak biziň işimiz, erkek kişiniň işi. Sen goşulma!
Omar gürrüňi jemledi:
– Häzir öýe gaýdalyň. Nesip bolsa, Abdylmälik han ýörişden – jihatdan geler. Ana, şonda onuň bilen näme etmelidigimizi maslahatlaşarys.
Şu gürrüňden soň Altynjan ar almak hakda hiç kimiň ýanynda dil ýarmady, içini hümledip gezdi ýördi.
Altynjanyň aňynda doganlarynyň: «Ar almak biziň işimiz, erkek kişiniň işi. Sen goşulma!» diýen sözleri zol-zol gaýtalandy. Ol bu sözleri kemsitme hökmünde gördi, kemsidilen adam hökmünde ýanyp-bişdi. «Siziň erkek bolaýşyňyzy!» diýip, doganlaryna içinden pitjiň atdy. Şol bir wagtyň özünde hem ar almagyň ýollaryny gözledi.
Hajar hatyn doganynyň kyrky berlensoň, çagalaryny Zamahşara ugratmagy makul bildi. Altynjan başda ejesiniň ýanynda galmakçydy, ýöne, niçik, atlar ýola düşdi welin, ol hem Zamahşara gidermen boldy.
– Ene, men oturmakdan ýadadym. Wagtymy ýolda geçireýin, Zamahşara gideýin. Öýde bir aý-ýarym aý bolup, soň geläýerin.
– Ýok, ýok, soň geljek bolup oturma – diýip, Hajar hatyn gyzyna garşy çykdy. – Menem bu ýerde uzak eglenmän bararyn. Babaň hem tiz geler.
Altynjan ata atlandy.
Ýolda Habyl Altynjana ýüzlendi:
– Daýymyň Anuşirwan üçin saňa beren tyllalary biçak köpmi?
– Nähili tylla?! – diýip, Altynjan mönsüredi.
– Daýym aýtdy ahyryn Anuşirwana: «Seniň ömrüňe ýeter ýaly baýlygy Altynjana berendirin» diýip.
– Waý-weý-la, daýym näme üçin beýle diýdikä?! – diýip, Altynjan ör-gökden gelen boldy. Sebäbi ol bu sowal bilen diňe doganlarynyň däl, eýsem Anuşirwanyň-da gyzyklanýandygyny aňýardy, ýok, takyk bilýärdi. Şonuň üçin ol bu gürrüňi mönsüräp hiç zat bilmeýänden, hiç zada düşünmedikden bolup, ünsden düşürmek isledi. – Daýymyň aýdan sözlerine teý düşünip bilmedim. Ol bize hiç zat berenog-a?!
Altynjanyň bu sözüne doganlary-da, Anuşirwan-da ynanmady. Omardyr akgyzy-da ynanmady. Sebäbi Tümen daýynyň Altynjan bilen nämedir bir zadyň hyşy-wyşysyny edendigini olaryň ählisi diňe bir ýa iki gezek däl, ençe-ençe gezek gördüler ahyryn! «Bular nämäniň gürrüňini edýärkäler?» diýip, olaryň köpüsi öz-özlerinden birnäçe gezek sorapdylar. Bir esasy bolmasa, onça wagtlap hyşy-wyşy edilmez, onsoňam öljek wagty ýalňyz ogluna: «Men seniň ömrüňe ýeter ýaly baýlygy Altynjana berendirin» diýmez. Ol näme üçin Abdylmälige ýa-da Sadylla berdim diýmän, diňe Altynjanyň adyny tutdy. Tümen Altynjana hökman köp mukdarda tylla beren bolmaly, ýöne Altynjan bu hakykaty boýun almak islemeýär.
Altynjanyň her bir hereketini yzarlamaly – ine, Sadylla dagynyň Anuşirwana niýetlenen köp mukdardaky baýlygy tapmak babatda gelen pikirleri.

**6.**

Arsahuşmisenden gelenlerinden soň Altynjanyň gyr-jyny neçjar Haýdar boldy. Ol howla girip-girmänkä onuň üstüne gygyryp ugrady.
Haýdar işine ussatdy. Çaga-çugasy, maşgalasy ýokdy. Sopbaş ýeke ýaşaýardy. Näme buýrulsa, gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirýärdi. Bir aýby bardy: işden soň boza içmegi gowy görýärdi.
– Biz-ä hasrat çekýäris, bu nejisem muhammar[14] bolup ýör. Ýok bolsun! Gözüme görünmesin!
Mansur hasratly günde Altynjanyň raýyny ýykmady: Haýdary galadan çykaryp kowup goýberdi.
Altynjan daýysy ýogalandan bäri rahat ýatyp bilenokdy. Haýdar neçjaryň galadan kowulmagy-da oňa teselli berip bilmedi. Gijelerine daýysyny öldüren ganhoruň tokaýyň içinden: «Men Togrul Seljukly! Men entek gözüňize görkezerin!» diýip, wagşyýana gygyrmasy gulagynda ýaňlandy durdy.
«Näme üçin ol özüniň kimdigini aýtdy?» diýip, Altynjan Mansur poladan sorady.
«Ýa Togrul Seljuklynyň özüne aşa göwni ýetýär hemem öz garşysyna çykylmagyny, darkaş gurulmagyny isleýär ýa-da kimdir biri Togrul Seljuklynyň adyna duwlanýar».
«Men bilýärin, Tümen daýymy Togrul Seljukly öldürdi. Ol babam bilen darkaş gurmak isleýär. Ol Altyndaş bilen bir adammyş. Olar babamyň garşysyna dil birikdirendirler. Ynha, görersiň, meniň aýdanlarym çyn bolup çykar».

«Sen daýyňy kimiň öldürendigini gözüň bilen görmediň. Tokaýda kimiň gygyrandygy belli däl. Belki, ol gygyran kişi Tümen begiň başga bir duşmanydyr?! Sebäbi seniň daýyňyň Seljuklylar bilen hiç hili duşmançylygy ýokdy».

«Daýymyň bir duşmany bardy. Ol duşmany hem Seljukly kynyklar. Daýym ölmezinden burun maňa bu hakda gürrüň beripdi. Togrul Seljukly Arsahuşmiseniň gündogarynda bir oba akyn salypdyr. Şonda daýym olaryň üstünden barypdyr. Olar gaçmakçy bolupdyrlar. Şonda iki tarap darkaşypdyr. Darkaşda Togrul Seljuklynyň atlylaryndan dördüsi, daýymyň atlylaryndan hem ýedisi wepat edipdir, ýigrimi töweregi atly agyr ýaralanypdyr. Daýym söweşjek bolmandyr, ýogsam olaryň ählisinem öldürip biljek eken. Ol diňe ýesir alyp, kaza tabşyrmakçy eken. Kynyklar bolsa, ýesir düşmezlik üçin, bigünä atlylary öldürip gaçyp gidipdirler. Soňundan öz maslyklaryna-da eýe çykmandyrlar. Olary daýym depin edipdir. Şol darkaşdan soň kynyklar daýymy güpbasdy etjek bolup, mydama ony garawullap, amatly pursada garaşyp gezipdirler».

«Altynjan, men kynyklary, aýratynam seljuk kynyklaryny gowy tanaýaryn. Olar merdana adamlar: jesetlerini herhili ýowuz ýagdaý bolanda-da meýdanda galdyrmazlar. Şu ýerde bir gümürtiklig-ä bar...» diýip, Mansur Altynjanyň pikiri bilen ylalaşmady.

Şunuň bilen gürrüň gutardy, ýöne ol wagtlaýynça gutaran eken.

**7.**

Altynjan Zamahşarda gününi boş geçirmedi: ikiýana ylgady. Habyly-da, Anuşirwany-da dek oturtmady, hersini günüň dowamynda birnäçe gezek, birnäçe ýumuş buýuryp, birnäçe ýere ugratdy. Oňa ýok diýýän ýokdy, asyl onuň garşysyna çykmak barada hiç kimde hiç hili pikirem ýokdy. Mansur onuň bolşuny göz astyndan synlady, haçan-da ol çiltenleri hem Habyl bilen ejesiniň ýanyna gitmekçidigini aýdanda çürt-kesik garşy çykdy.

– Ýok, ýok, hiç ýerigem gitme. Men rugsat beremok.

– Rugsat beremok?! Kim sen rugsat bermez ýaly?

– Men Abdylmälik hanyň naýyby, hajyby, işigagasy, gapydany!

– Gepleme! Men näme diýsem, şonuň bilen boluber. Men gitjek diýdimmi, giderin!

– Ýok, sen hiç ýerik gitmersiň! Siziň garamatyňyza Abdylmälik hanyň öňünde men jogap berýärin. Ol her gezek ýörişe gitjek bolanda bizi ýygnap bu hakda aýdýardy. Onuň aýdanlaryny sen eýýäm unudaýdyňmy?

– Mansur daýy, siz näme üçin meniň derdimiň üstüne dert goşýarsyňyz? Men-ä sizden teselli, goltgy hantama, siz bolsa meni dört diwaryň içinde saklajak bolýarsyňyz.

– Altynjan, sen menden hiç zat gizleme, ýüregiňdäkini açyk aýt!

– Men Arsahuşmisene – enemiň ýanyna gitjek.

– Sen ýalan sözlemegi başaraňok, Altynjan. Men seniň nirä gitmekçi bolýandygyňy, nähili mojuk hyýala münendigiňi gaty gowy bilýärin.

– Nähili mojuk hyýala münüpdirin men?

– Sen kynyklaryň ýaşaýan Gauhor etrabyna gitmekçi bolýarsyň.

– Nirä, nirä?

– Altynjan, mönsüreme! Näme, Mansur şu howluda ýaşap, seniň näme gürrüň edýäniňi eşidýän däldir, näme pikir edýäniňi bilýän däldir öýdýärsiňmi? Belki, men hiç zat bilýän däldirin, ýöne şu howluda, Zamahşarda bolýan ähli zady welin bilýärin. Men seni synladym, sen Togrul Seljuklyny öldürip, Tümen begiň hununy almakçy bolýarsyň? Hun beýdip alynmaýar.

– Eýsem nädip alynýar?

– Hun eden etmişi boýnuna goýlup, soňundan alynýar. Sen galplyga duwlanyp barjak bolýarsyň. Eger şeýtseň, seniň daýyňy öldüren ganhordan tapawudyň näme? Senem Tümen daýyňy öldüren ganhor ýaly ganhor bolýarsyň?

– Mansur daýy, maksadyň meni goýbermezlikmi?

– Sen maňa dogry düşünipsiň.

– Bolýar, gitjegem däl. Kabyl, Ýatmaz, Akgaýa, Çyrlak, eşidiň, biz hiç ýerik gidemzok.

Mansur Altynjanyň sözüne ynanmady, onuň her bir ädimini özüne habar berip durmaklary üçin on sany jandar goýdy. Galanyň derwezesini ýapdyrdy. Derbanlara derwezeden Altynjany, Kabyly, Habyly, Anuşirwany çykarmaly däldigini aýdyp, berk görkezme berdi. Diňe görkezme bermek bilen çäklenmän, ol gije derwezäni garawullap, şol ýerde ýatdy.

Mansur gapydan ýok – Mansur müňkür bilen bolan gürrüňden soň, Altynjan ar almaga gitjek diýip dyzap durmady. Naýybyň talabyna boýun sunýan ýaly ýuwaşady.

Özüni atylan ok hasaplan Altynjanyň birden mugyra gelmesi, ýuwaşamasy, gitjek bolmazlygy Mansur müňküre şübheli göründi. Herhal, ätiýajy elden bermedi.

Altynjan Mansur müňküriň hiç ýerik gitmeli däl diýip tabşyrmasyndan soň diňe Habyl bilen iki gezek gürleşdi. Galan wagtlarynyň galabasyny şebistanynda oturyp-ýatyp geçirdi. Bir gezek daşary çykyp, elguşlaryň saklanýan külbesine bardy. Şahynyny eline alyp, ony sypady, oňa iým berdi. Soň Akgar bedewiniň ýanyna bardy. Bagyň içinde biraz aýlandy, soň ýene hareme dolandy.

Bu ahwalat iki gün gaýtalandy. Üçünji gün Altynjan Mansur müňküriň tamasyny ödedi.

Gülýüzli ylgap geldi:

– Melike ýok.

– Aty-da ýokmy?

– Akgar dur.

– Anuşirwan bilen Habyl barmy?

– Anuşirwan ýatyr, Habyl ýok! Kabyl-da ýok!

– Ol saňa hun almaga, ar almaga gitjek diýip, heý, ýaňzytmadymy?

– Ýok, ol maňa hiç zat aýtmady. Siziň bilen gürleşensoň, ol aglamak aglady.

– Näme üçin aglady?

– «Mansur daýymyň göwnüne degdim, ony kemsitdim» diýip aglady.

– Bar, ýeriňde oturyber.

– Eý, tagsyrym, Altynjan niredekä? Jany beri sagmyka onuň? – diýip, Gülýüzli gözüne ýaş aýlady. – Indi men Hajar hatyna näme diýeýin? Indi men Abdylmälik hana näme diýeýin? Olar meni öldürer, hökman öldürer.

– Öldürseler, bu dünýäniň azabyndan dynarsyň.

– Ölesim gelenok meniň.

– Ölesiň gelmeýän bolsa, dowul turuzma. Bar ýeriňe! Hiç zat bolmadyk ýaly, rahat otur!

– Melikämizi alyp gaçandyrlar. Men bilýärin, ol günsaýyn owadanlaşýar. Ony ogurlandyrlar. Bir bela-beteriň gopjagyny ýüregim syzdy meniň, pikir edişim ýaly-da boldy.

– Haý, meniň aamlygym gursun, sowan demir egrelmeýär ahyryn – diýip, Mansur müňkür özbaşyna ahmyr bilen hüňürdedi. – Men bolsa ony mugyra gelendir öýtdüm.

– Näme diýdiňiz, tagsyrym?

– Belanyň sapy! – Mansur müňkür derwezä bakan gaty-gaty ýöräp gitdi.

## Üçünji hekaýat

## KÖP PIKIR ASTYNDA AJAL BAR

### 1.

Ol ähli zady öňünden diňe ýedi ölçäp däl, müň ölçäp bir kesipdi, maksadyna ýetjegine ynanýardy. Şol ynam hem onuň çiltenler bilen ýola düşmegine sebäp bolupdy. Onuň özüne zol-zol gaýtalaýan ýeke-täk öwüdi bardy, ol hem howlukmazlykdy, sabyr bilen maksada ýetmekdi. Şeýle-de bolsa, ol maksadyna ýetmäge – hun almaga şeýlebir howlugýardy, hiç bir ýerde hiç bir zatdan karar tapyp bilenokdy, ony rahatlandyryp biljek ýeke-täk zat – hunuň alynmagydy. Habyl birki gezek oňa: «Soňy nähili bolarka?» diýip sorag berdi.

Altynjan ýüregindäkini aýtdy:

«Soňy nähili bolanda näme?!»

Bu pikir başdansowma pikir däldi. Altynjan hakykatdan hem şeýle pikir edýärdi. Hun alnandan soň ykbalynyň nähili boljakdygy ony birjik-de gyzyklandyranokdy. Ol, asyl, maksadyna ýetenden soň ölmäge razydy. Çünki Tümen beg – daýysy ölenden soň onuň üçin ýaşaýşyň manysy gaçypdy. «Näme üçin ýaşamaly?» diýip, ol oýlanýardy. Ýaşaýyşda gyzyk, lezzet görmeýärdi.

Ol hyýalynda ençe gezek hundaryny öldüripdi, içini sowadypdy. Arman, hyýaldady.

Hyýaly hakykata öwürmelidi. Nädip? Altynjan ýanyndaky çiltenler[1] bilen her bir ädilmeli ädimi, her bir edilmeli işi jikme-jik maslahatlaşdy, maslahatda makul görlen pikir boýunça olar atlaryny-da çalşypdylar, Altynjanyň ady indi Agaýunusdy, Habylyňky Genjimdi. Beýleki ýigitleriň atlary üýtgedilmändi. Muňa zerurlyk hem ýok hasap edilipdi, çünki olary Zamahşardan gaýry ýerlerde hiç kimse tanamaýardy.

Agaýunus ýanyndaky ýigitleriň ählisine janyny ynanýardy, çünki ol olary ençe gezek agyr-agyr synaglardan geçirip görüpdi. Ol ýigitler Agaýunus üçin özleriniň şirin janlaryndan geçmäge taýýar ýigitlerdi. Aýratynam Ýatmaz, Akgaýa, Çyrlak diýen ýigitler ýanyp duran otdular, olar Altynjanyň jandarlarydy. Olaryň hersi on haşymyň serkerdesidi. Üçünji onlugyň serkerdesi Habyldy. Deňi-duşlarynyň arasynda onuň ýörgünli ady Ýekegözdi.

Altynjan olara käteler kakasyndan, ejesinden, doganlaryndan ogryn hak-heşdek töleýärdi. Sebäbi olar nämedir bir zadyň hasabyna eklenmeli ahyryn! Olar uzynly gün Altynjanyň goragynda, hyzmatynda (Aslynda galada ony goramagyň zerurlygy-da ýokdy) bolýardylar. Bu üç ýigit – Ýatmaz, Akgaýa, Çyrlak beýleki ýigitleriň arasynda güýç, batyrlyk, daýawlyk, garadangaýtmazlyk babatda görnetin tapawutlanýardylar.

Çiltenleriň, diňe bularyň däl, ähli zamahşarly ýigitleriň arasynda-da Altynjanyň gyz maşgaladygy köplenç halatda ýatdan çykýardy. Ähli ýigitler ony özleriniň serkerdesi hökmünde, erkek kişi hökmünde aňlaryna siňdiripdiler. Gaty seýrek halatlarda onuň gyzdygy ýatlaryna düşýärdi.

Altynjan erkek kişi ýalydy: erkek kişi ýaly gürleýärdi, erkek kişi ýaly dogumlydy.

Gidip baryşlaryna seljuklylaryň ýanynda aýtjak sözlerini maslahatlaşýardylar. Seljuk düşlegine ýetilýänçä edilmeli işleri, aýdylmaly sözleri öz aralarynda telim ýola gaýtaladylar.

Olar gazanç etmek maksady bilen Müňgyşlakdan Mawerannahra barýarkalar, bir dili senaly kişi soltan Mahmyt Gaznalynyň, häzirem Masudyň uly ynamyna, uly sylag-hormatyna mynasyp bolan Seljukly diýen neberäniň bardygy hakda eşidip, Gauhora gelipdirler. Olaryň maksady bir halal kişä gulluga durup, birki ýyllap bigaýgy maşgala eklär ýaly gazanç etmek. Hoşamaý sözler bilen seljuklylaryň göwün kirişlerinde mylaýymdan mylaýym, hoşamaýdan hoşamaý owaz edip, göwün töründen orun almak we ornaşmak, amatly pursat döränDe rehimsizlik bilen ar almak.

Seljuklylar Agaýunus perini görüp, elbetde, onuň kimdigi bilen gyzyklanarlar. Hyrydar çykmaklary-da mümkin. «Mümkin» diýip sypaýyçylyk etmek nämä gerek, hökman hyrydar çykarlar. Göwher hyrydarsyz bolmaýar. Türkmen ähli babatda mert-de, sabyrly-da bolsa, zenan babatda durumsyz. Kynyklaram – türkmenler. Owadan gyz görseler, garrysam, ýaşam galkyjaklaberer. Türkmenler haýsy ýerini teshyr etseler, hazyna hökmünde ýygnaýan esasy oljasy – gyz-gelin. Beýleki halklar uzak-uzak ýurtlary akyn edip, harwar-harwar altyn-jowahyr, lagly-göwher getirer, oguz welin, süri-süri edip, owadandan-owadan gyz-gelin getirer.

Nähili bolar?! Altynjanyň öňden oraşan çaky boýunça, ine, hakyt şeýle bolar. Kynyk serkerdeleri Agaýunusy açgözlülik bilen synlarlar-da, toparyň serdary Genjim bege sowal bererler:

«Eý, ýagşy ýigit, bu gyz kim?»

«Bu gyz meniň uýam, ady Agaýunus. Agaýunus harby tilsimlere ezber».

Genjim sözüni soňlap-soňlamanka ikinji sowal berler:

«Äri barmy?»

«Äri ýok».

«Sen uýaňy maňa ber».

«Agaýunusyň bir şerti bar».

«Bir däl, goý, iki şert goýsun!»

«Ol şert – üç aýlap, siziň araňyzda bolup, däp-dessuryňyz bilen ýakyndan tanyşmak, ysnyşmak. Üç aýda kimiň-kimdigi aýyl-saýyl bolar».

«Makul gep. Biz üç aý garaşarys».

Oguz beg hak aýdypdyr: almany Asmana zyň, ýere düşýänçä ýa Pelek! Üç aýda – nämäniň näme boljagyny, üç aýdan soň Agaýunusyň haýsy ýerde boljagyny diňe Pelek biler!

* * *

Ähli zatlar Agaýunusyň pikir edişi ýaly bolaýmalydy, ýöne bolmady. Sebäbi ganojak Muhammet Togrul düşlegde ýok eken. Asyl ol, görlüp oturylsa, Zamahşaryň deňinden geçip, Jürjaniýa – Altyndaşyň ýanyna giden eken.

Herhal, olary Kelan ýabgu diýen äpet bir kişi garşy aldy. Genjim begiň öňden ýat tutan nutugyny mukytlyk bilen diňledi. Soňam Agaýunusa tiňkesini dikdi:

– Bu gyz kim?

– Bu gyz meniň uýam, ady Agaýunus. Agaýunus ýaşlykdan harby tilsimleri öwrendi. Ol men-men diýen on esgere taý gelip bilýär. Gylyçlaşmakda ökde.

– Söweşmek, gylyçlaşmak arwat işi däl...

– Dogry, ýöne Agaýunus meni ýeke goýbermek islemedi. Çünki onuň menden başga hiç kimi ýok. Menem ony Müňgyşlakda ýeke goýup gaýtmakdan gorkdum. Agaýunus uýam bize bike, ol biziň tikin-çatynymyza seredýär hem nahar-şor taýýarlaýar.

– Äri barmy?

– Äri ýok.

– Beýle owadan arwat ärsiz bolsa, türkmene aýypdyr. Şu güne çenli siziň araňyzda bu arwada eýe çykan tapylmadyk bolsa, biz oňa eýe durarys. Uýaňy hiç zada hor-zar etmeris.

– Agaýunusyň bir şerti bar.

– Aýt şertini.

– Ol şert – üç aýlap, siziň araňyzda bolup, däp-dessuryňyz, adamlaryňyz, arwatlaryňyz, talaplaryňyz bilen ýakyndan tanyşmak, ysnyşmak. Üç aýda ähli zat aýyl-saýyl bolar.

– Makul gep, biz üç aý garaşarys. Goý, ol biziň hatynlarymyzyň arasynda ýaşabersin.

Ylalaşyk şu ýere gelende birtopar atly geldi. Ol atlylaryň öňündäki Mansur müňkür bilen Abdylmälik hanyň ýegana razdary Keski Kelewdi.

**2.**

Altynjan kakasy Tahyr Afrasýaba gynanç bildirmek üçin Arsahuşmisene giden wagty müňbaşylaryň, ýüzbaşylaryň birnäçesi bilen ikiçäk duşuşdy, olaryň ählisine şol bir sowaly berdi:

«Saňa syr ynanyp bolarmy?»

«Gep ol syryň nähilidiginde».

«Men Togrul Seljukly diýen nejisden Tümen daýymyň aryny almak isleýärin. Kim daýymyň aryny alyp berse, men şol kişä bir müň dirhem berjek».

«Bu işi hana aýtman edip bilmerin».

«Müň dirhem berjek-how».

«Ýüz müň dirhem berseňem, hana aýtman hiç iş edip biljek däl. Han aýtsa, bu işi bir dirhem berilmese-de ederis».

«Men ýalbarýaryn...»

«Ýok, ýok, Altynjan, gürrüň şundan aňry geçse, men hana hökman habar bermeli bolaryn. Sebäbi men onuň öňünde desterhana hem Gurhana elimi goýup, wepadarlyk kasamyny içdim. Wepadarlygyň gutaran ýerinde türkmen gutarýar».

Altynjan iň soňunda Şadranç müňbaşy bilen ikiçäk duşuşdy.

«Şadranç daýy, saňa syr ynanyp bolarmy?»

«Melikäm, maňa syr ynanyp bolmaýan bolsady, onda Abdylmälik han meni özüne müňbaşy edinmezdi».

«Meniň häzirki aýtjak pynhan gürrüňimi hiç kim, babam-da bilmeli däl».

«Seniň syryňy babaňa aýtmak zerurlygy döremese gerek. «Aýtma» diýseň, aýtmaryn».

«Men Togrul Seljuklydan Tümen daýymyň aryny almak isleýärin. Kim daýymyň aryny alyp berse, men şol kişä müň dirhem berjek».

«Müň dirhem?!»

«Kim Togrul Seljuklyny öldürse, men şol kişä müň dirhem berjek».

«Onça dirhem saňa kim berer? Abdylmälik han berer öýdýärsiňmi? Sen bu işi babaň bilmezligini isleýärsiň-ä».

«Şu işi bitirip biljek adamy tapyp berseň, men saňa-da müň dirhem berjek».

«Sen onça dirhemi nireden aljak?»

«O näme üçin men iki-üç müň dirhemi kimdir birinden almaly? Men ony hiç kimdenem aljak däl. Diýen dirhemimi men kimdir birinden soramaly, almaly däl. Olar meniň özümde bar. Saňa meniň sözüm ýeterlikmi ýa-da dirhemlerini görkezmelimi?»

«Görkezseň-ä gowy bolar».

Altynjan şol günüň ertesi ýene Şadranç müňbaşy bilen ikiçäk duşuşdy. Oňa iki sany düwünçek berdi:

«Şu düwünçekleriň hersinde ýüz dirhem bar. Heriňize ýüz dirhemi öňünden berýärin. Ine, iki müň dirhem! – diýip, Altynjan dirhemli düwünçegi müňbaşynyň öňüne taşlady. – Bu dirhemleri iş bitensoň berjek. Men muny görmegiň, bardygyna ynanmagyň üçin görkezýärin. Iş bitireniňizden soň galanyny bererin».

«Melikäm, men bu töwekgellige dirhem hantamaçylygy bilen girmezdim. Maňa siziň hiç zadyňyz gerek däl. Öz hatynyň hem onuň maşgalasynyň mertebesi üçin men özümi oda atmaga-da taýýar. Ine, şu maksat bilen saňa razylyk berdim. Sen ýalňyşýan-a dälsiň-dä?»

«Ýok, ýalňyşamok!»

«Eger siziňki hak bolsa, han sizi beýle ýowuz jezalandyrmazdy ahyryn?»

«Sen etjekmi ýa akyl berip çäklenmekçimi?!»

«Men düşünmek isleýärin, seniň hem düşünmegiňi isleýärin. Hanyň degişli adamlary bu jenaýaty derňäp, öwrenip ýörler. Ýene biraz tagapyl eýle, ähli zat belli bolar, jenaýatçyny-da taparlar».

Şadranjyň sözüne Altynjanyň biçak gahary geldi:

«Sen gorkak! Bar, babama meni sat!»

Altynjan Habyl bilen Kabylyň ýanyna bardy. Bu mahal olar düşekde ýatyrdylar. Abdylmälik han olary ýowuz jezalandyrypdy. Has takygy, hersi ýigrimi gamçy urlupdy. Şol urgular zerarly olar düşege baglanypdy: ýerlerinden galyp, ýöräp bilenokdylar.

Altynjan olaryň daşyndan ot-elek bolup aýlanýardy, aňyndan ar almak baradaky pikir aýrylanokdy. Mansur gapydan bilen Keski Kelewe öz ýanyndan nälet okaýardy.

Ruhdan düşmezlik barada öz-özüne göwünlik berýärdi, ar almagyň täze ýollaryny gözleýärdi.

Ar almak onuň ömrüniň manysyna, maksadyna öwrülipdi. Özdiýenli hem özerkli adam hökmünde ol muny amal etmän ýaşap biljek däldi. Şu maksadyna ýetmek üçin, ol hatda şeýtan bilen dogan okaşmaly bolsa-da taýýardy.

Ähli güýçli adamlar ýaly, ol diňe öz pikiriniň amal bolaryny bilýärdi. Şuňa garşy gelýän bolsa, ol ähli garaýyşlary, ynançlary, dessurlary ýere çaljakdy, gerek bolsa, olaryň daşyndan aýlanyp geçjekdi. Ol öz maksady üçin urulmaga, ýenjilmäge-de, gaýry hupbatlara-da kaýyldy. Esasy zat – ar almaly! Öýkeläp gaýdan hem bolsa, ol ertir ýene Şadranç müňbaşynyň ýanyna barmakçydy. Sebäbi ol häzirki wagtda özüne kömek edip biljek ikinji adamy görmeýärdi.

Eger erkek adam hatynyň Hudaýy bolýan bolsa, Altynjan bu Hudaýa öz aryny ýerine salmak baradaky talaby bildirmekçidi. Bu talabyň berjaý bolmagynyň deregine ol diňe bir erkini däl, eýse, janyny-da bermäge döwtalapdy. Ar – onuň mertebesidi, eýse, ýanyndaky Hudaýy onuň mertebesiz bolmagy bile razylaşyp bilermi?! Gulunyň mertebesizliginde Eýesi üçin nähili maza hem many bolup biler?! Mertebesini ýokary götermek üçin edýän bolsa, goý, ursun, goý, ýençsin! Mertebesini gögertmejek, aryny alyp bilmejek bolsa, ol erkegiň hudaýlygyny ykrar edip biljekmi?! Ýok! Onda diňe bir zat – hudaýlyk hökmürowanlygyny Altynjanyň öz üstüne almagy galýar! Onda ol dünýäniň kada-kanunlaryny, durmuşyň däp-dessurlaryny oýlanman çepbe çöwrüp biljekdi, dünýäge, durmuşa başga kadalary hem dessurlary bermäge-de häzirdi! Diňe dünýämi, diňe durmuşamy?! Ol ary üçin, hatyn bolsa-da, erkeklik ýüküni üstüne alyp biljekdi.

Dowam edýän durmuş kadalary adamyň dogumyny göterip bilmese, dogumly adam ol kadalary syndyrmakdan gaýtmaz. Ol öz niýetini amal edäýmelidir, ol bu ýolda hiç bir zada gulak gabartmaz. Ony hiç bir güýç saklap bilmez. Ol öz hakykatyny ykrar eder, köpçülik onuň hakykatyna boýun bolar. Şeýdip, Allatagala öz edermen hem dogumly, hyjuwly hem hyruçly saýlantgylarynyň üsti bilen dünýäni, ýaşaýşy, heňňamy täzeläp duryar. Şeýdip, başda görkezilen garşylyk soňra makullanma öwrülýär. Şeýdip, düşünjeleriň hem gymmatlyklaryň orny çalyşýar.

**3.**

Juma güni Abdylmälik han sadaka berdi, gaýynenesine, Tümene degsin edip Gurhan okatdy. Altynjan kakasyna nägileligini ýaňzytdy:

– Daýymy wagşylyk bilen öldürdiler, biz ar almaga derek, aýat-töwir edýäris.

Abdylmälik han gyzyna gyňralyp seretdi.

Eý, Hudaý! Bu nä boluş?! Ogul perzent hökmünde ezizläp ýören gyzy bu gün tam doly adamyň arasynda kakasyna hykarat bildirýär! Gyzyndaky edepsizlige, tekepbirlige Abdylmälik hanyň biçak gahary geldi. Köpçüligiň içinde gyz maşgala gürlemeli däl. Altynjan welin kakasyna hakyt hykarat-nägilelik bildirýär. Kakasyndan, Mansurdan rugsatsyz hun aljak diýip, Gauhor etrabyna gitmesine näme diýjek munuň? Asyl, eden telek işi üçin

özünde müýn duýanok ol. Iki dogany onuň üçin hyklaşyp ýatyr. Munuň üçin müýnürgänok ol! Iň erbedem, ine, şu. Abdylmälik han Altynjany dergähine çagyryp: «Bu nä etdigiň?» diýip soranda ol gyzynyň ýüzünde jinnek ýaly-da müýn görmändi, gaýtam, ahmyry bardy onuň: «Baba, daýymyň huny ýerde galmasyn!» diýip elewreýär. O mahal käýäniň gulagyna iljek däl onuň. Emir ogullarynyň kyrk zamahşarly ýigit bilen Altynjanyň yzyna düşüp, etmişi anyklanmadyk Togrul Seljuklyny öldürmek üçin Gauhora gitmekleriniň sebäbine teý düşünip bilenokdy.

Gyzy näme diýse, ogullary onuň aýdanyny etjek bolup ylgap ýörler. Näme üçin? Näme üçin: «Ýok» diýmeýärler? Emir özüni giňlige salmaga çalyşdy: «Gyzyň erkekpisint, garadangaýtmaz bolmagyny özüň islediň-ä. Ine, olam isleýşiň ýaly bolup ýetişdi. Indi onuň hokgalaryna kaýyl gel. Näme etjek bolsaň, başda etmeli. Demir sowansoň egilmeýär. Altynjan indi taplandy, indi muny üýtgetmek başartmaz. Ýöne munuň diýýän zatlary nädogry ahyryn. Ýeri, kimdir biriniň tokaýyň içinde: «Men Togrul Seljukly» diýip gygyrandygyna esaslanyp – bir günäsi anyklanmadyk kişini öldürmelimi? Öldürmek, iň soňky gürrüň. Öldürmekden bärde-de zat kän ahyryn. Ilki bilen, ähli zady anyklamaly. Şol günki gygyran, Tümeni öldüren hakykatdanam Muhammet Togrulmy?

Abdylmälik han boş oturanok, ol öz adamlaryna anyk görkezmeler berdi. Onuň adamlary Muhammet Togrulyň şol gün nirede bolandygyny, Tümen bilen aralarynda nämeleriň bolup geçendigini öwrenip ýörler.

Şol gün Togrul Seljukly Jürjaniýada – Altyndaşyň dergähinde bolan eken. Onsoň onuň Arsahuşmisen tokaýlygynda bolmajaklygy köre hasa. Näme, han özüniň edip ýören işi hakynda gyzyna hasabat bermelimi?

Abdylmälik han gyzynyň köpçüligiň içinde aýdan sözüni eşitmedikden boldy. Ýagşydan-ýamandan jogap bermedi. Bu näme boldugy diýen terzde Hajar hatyna seretdi. Hajar hatyn başyny aşak saldy.

* * *

Altynjan soňky günler köp wagtyny ejesiniň ýanynda geçirýärdi, onuň gürrüňlerini diňleýärdi. Hajar hatyn gyzyna daýysy, onuň ölümi, ar almak hakda oýlanmazlygyny, Allatagalanyň ýazgydyndan gaçyp gutulyp bolmaýandygyny, şalygyň adamlarynyň ganhorlary, alamanlary hökman tapjakdygyny we hökman jezalandyrjakdygyny ýantgylap-ýantgylap aýtdy:

– Öleniň yzynda ölüp bolmaýar. Tümeniň wepatyna hemmämiz örtenýäris, ýöne Eýesine gerek bolsa, biziň elimizden gelýän zat ýok. Beterinden özi saklasyn. Ýamanlyk, etmiş ýerde ýatmaz. Kim ýamanlyk, etmiş etse, pälinden tapar. Sen gama batyp ýörmän özüň, ertirki günüň hakda oýlan. Hudaýtagalanyň erkegi sö-ýüşiniň, hormatlaýşynyň çeni-çaky ýokdur. Hudaýtagala erkeklere edeniňizi edip, erkana ýaşaň diýendir. Erkekler biziň ýerdäki Hudaýymyzdyr. Erkekleriň eden işlerine: «Bu edeniň nädogry» diýmäge hatynlaryň jinnek ýaly-da haky ýokdur. Sen ýaşlykdan erkeklere nämeleriň ýaraýandygyny, nämeleriň ýaramaýandygyny öwrenmelisiň, gyzym. Ata-enesiniň öýi gyz üçin öýlänçi geçýänçä az pursatlyk penalanylýan düşelgedir. Gyz maşgala kämil çykyp, başga maşgala goşulýandyr. Başga maşgala baranyňda hiç zat başarmasaň: «Bu gyza enesi hiç zat öwretmändir» diýerler. Seniň oňarmaýan zatlaryň – meniň ýüzümiň garasy bolar. Seniň başarjaňlyklaryň meniň yhlasymyň miwesi bolar. Baran ýeriňde gyzy köp synlaýandyrlar, gyzym. Öý işlerini bäş barmagyň ýaly bilmelisiň...

– Wiý-ý, enemi. Ene, men äre baryp hyzmatkär bolaýynmy? Öý işlerini hyzmatkärler eder-ä!

– Seniň barjak öýüňde hyzmatkär bolmasa nätjek?

– Hyzmatkär saklamaga güýji ýetmeýän äriň ýanynda meniň nä körüm bar?!

– Herhili ýagdaýyň bolmagy mümkin.

– Ene, meni gorkuzýarsyňyz, şonsuzam ertirki günüm hakda köp pikirlenýärin.

– Gyzym, sen pikir etmejek bol. Köp pikir astynda ajal bar. Alla pikiri erkeklere berendir. Goý, olar pikirlensin. Hatyn bu dünýäde hiç zadyň pikirini etmän, bigaýgy ýaşamalydyr. Hatynyň pikiri erkege diňe zyýandyr. Hatyn ärinden näme üçin urulýar? Diňe oýlanýandygy üçin urulýar.

– Oýlanýan bolsa, gowy-da şol.

– Gyzym, gowy zat üçin urmaýarlar.

## Dördünji hekaýat

## AGA GARA TIZ ÝOKAR

1.

Abdylmälik han gyzyny galadaky mekdebe – Razzak damulla[1] okuwa beripdi. Aslynda, Altynjan damullanyň öwredýän zatlaryndan köp bilýärdi. Muňa ol biçak buýsanýardy. Muňa Abdylmälik han hem buýsanýardy. Ogullaryny hem gyzyny belli bir döwürde damulla bermesi diňe syýasat üçindi: «Goý, Zamahşaryň adamlary meniň çagalarymyň juda sowatlydyklaryny, üç dilde suwara gürleýändiklerini görsünler, goý, damulla meniň çagalarymyň ýanynda özüniň az bilýändigine göz ýetirsin, çykgynsyz halda galsyn, ähli kişiniň meniň çagalaryma gözleri gitsin» diýip, pikir ýöredýärdi. Ol öz çagalarynyň galanyň çagalaryndan artykmaç bilimlidiklerini, artykmaç hukuklydyklaryny, artykmaç başarnyklydyklaryny we özleriniň begzada neslindendigini duýmaklaryny, bilmeklerini, muňa öwrenişmeklerini isleýärdi. Abdylmälik han käteler mekdebe barardy, çagalaryň okaýyşlary, ýagdaýlary bilen gyzyklanardy. Damulla bilen arap dilinde gürleşerdi. Iki türkmeniň düşnüksiz dilde gürleşmekleri çagalar üçin biçak geňdi.

Han çagalaryň özüne geň galyp, gözügidijilik bilen seretmelerini gowy görýärdi. Bu onuň üçin lezzetleriň iň gowusydy.

2.

Altynjan Hudaý hakda köp zatlar bilmäge çalyşýardy. Diňe bir Hudaý hakda däl, pygamberler, Muhammet alaýhyssalam, dört çagyrýarlar, Omar bilen Alynyň darkaşlary hakda düýpli bilmek isleýärdi.

– Biziň häzirki ýaşaýan topragymyzda öň şeýtanlar ýaşapdyr. Soň Perwerdigär şeýtanlary kowup, bu ýeri adamlara beripdir. Ýöne kowlan şeýtanlar häzir nirede ýaşaýar? – diýip, Altynjan soraglary bilen damullanyň enterpelegini aýlaýardy. Abdylmälik han gyzynyň din bilen gyzyklanmagyny, damullasyna, atabeglerine sorag berip kösemezligini ündeýärdi. Onsoňam Abdylmälik han gyzynyň zenanlara mahsus mylaýym, geçirimli, rehimli bolmagyny isleýärdi. Gyzynyň rehimsizdigini bilýärdi. Has anygy, ol gyzynyň käbir rehimsizligini görýärdi. Onuň Gülýüzlä nebsi agyrýardy. Gyzynyň ony näme üçin urýandygyna teý düşünip bilmeýärdi. Altynjan welin, özüni rehimsiz erkek kişi deýin alyp barýardy. Gyzynyň rehimsizliginiň ony bir betnamçylygyň üstünden eltmeginden heder edýärdi. Ol şol günem owal hem gyzynyň rehimsizliginiň üstünden barypdy.

Mekdebiň mähraby döwlüpdir. Razzak damulla mähraby Altynjanyň döwendigini gönüläp aýdyp bilmän, ýöne sakynyp, elewräp dur. Abdylmälik han özüne soragly nazarlary bilen bakyp duran çagalara seretdi-de, haýbatly seslendi:

– Damullanyň mährabyny kim döwdi?

Içerdäki oglanjyklardan hem gyzlardan ses çykmady.

– Mähraby kim döwdi diýýärin men? Eger kimiň döwendigini aýtmasaňyz, her biriňizi on gamçy urdurjak.

Altynjan öňe çykdy:

– Hiç kimi urmaň, diňe meni uruň! Mähraby men döwdüm.

– Näme üçin keramata hyýanat etdiň? – diýip, arap dilinde soran Abdylmälik han gaharyna sandyrady.

– Ony Haýdar bozahor ýasady. Haýdar bozahor halal adam däl, ol boza içýär. Halal däl adamyň ýasan zady Perwerdigäriň öýünde durmasyn.

Öňem özi ýörişdekä Haýdar neçjaryň galadan çykarylyp goýberilmegine jany ýanyp ýören emir gyzynyň bu eden etmişine teý köşeşip bilmedi. Şonuň üçin şol gün ikindinara gyzy bilen aýalyny salamlygyna çagyrdy. Gyzynyň müýnsüz durmagy, özüne aşa göwnüniň ýetmegi emiriň myrryhyny atlandyrdy. Diňe bir mähraby döwendigi üçin däl, tekepbirligi üçin han ilkinji gezek gyzyna el göterdi. Gyzyny urmagy hatynyň borjy hasaplardy. «Togrul Suljuklyny öldürip, Tümen daýymyň aryny aljak» diýip, kyrk kişiniň öňüne düşüp, Mansuryň aýdanyny etmän, aldap Gauhora gidendigi üçin hem ol gyzyny urmandy, oňa jeza bermegi hatynyna goýupdy. Ogullaryna welin berk jeza beripdi. «Siz erkek kişi, näme üçin aýal maşgalanyň yzyna düşüp gitdiňiz?» diýip, ogullarynyň hersine ýigrimi gamçy urupdy. Ýigrimi gamçydan soň olar bir aýlap galyp bilmän ýatypdylar.

Ýok, onuň gyzyna birjik-de nebsi agyranokdy. Asyl, oňa nebsi agyrmak diýen düşünje ýatdy. Ony gozgalaňa salýan zat gyzyny urup günä gazanan bolmagynyň mümkinligidi. Ol ähli zatdan beter günä gazanmakdan gorkýardy. Birini bile-göre betbagt etmek günä ahyryn! Ol bütin ömründe günäden daşda bolmaga çalyşdy.

Her bir zat babatda hanyň öz pelsepesi, garaýşy bardy. Onuň dünýä baha beriş, dünýä akyl ýetiriş terezisi haýyr bilen şerdi, günä bilen sogapdy.

Öz nesebi babatda-da ýyllaryň geçmegi bilen aňynda durnuklaşan garaýşy bardy: babakelanlaryna Alla müň ýyla golaý patyşalyk mertebesini berdi, soň nesilşalygy gyrdy, nesil tanapyny uşlyba getirdi. Nesebiň beýle näletlenmegi, gan çaýkalyp uşlyba gelmegi – nesilden diňe bir adamyň aman galmagy haramylyk hem şer bilen baglanyşykly bolmaly diýip han pikir edýärdi, bu pikirine-de berk ynanýardy. Allanyň öňündäki şol näletini aýyrmagy özüniň nesebiniň, çagalarynyň öňündäki juda mukaddes, juda möhüm borjy hasaplaýardy. Ol gaty yhlas edýärdi. Ähli zatdan beter ýalňyşmakdan, çagalarynyň, geçen hanedanlygynyň öňündäki parzyny amal etmäge ýetişmezlikden gorkýardy.

Her müňýyllygyň çatrygynda Hudaý türkmen nesebine uly synag salýar. Abdylmälik emir şöhratly nesepden galan ýeke-täk mirasdüşerliginde uly hikmet görýärdi, uly borç görýärdi.

– Eprikogullary neberesiniň adamlaryndan üç müňden gowragyny öldüren Mamun Bugrajygy-da öldürip bilerdi, ýöne onuň şol öldürişlikden ýedi ýaşly ogly bilen aman galdyrylmagy Allanyň islegi bolmaly. Hawa, bu Allanyň emri bolmaly. Allanyň islegi şeýle bolandyr.

Allanyň Abdylmäligi diňe bir iýip-içsin, mes bolsun diýip galdyrmandygy köre hasa. Çünki biri iýip-içip mes bolan bolsa, onda müň ýyla golaý şalyk mertebesinde ýaşan Eprikogullaryça iýip-içip, mes bolmandygy düşnükli ahyryn.

Abdylmälik emir öz ömür manysyny neberesiniň gazanan gü-nälerini ýuwmakda görýärdi. Şeýle hem köp-köp sogaplary gazanyp, neberesiniň dowamata girmegini ýola goýmagy mukaddes borjy hasaplaýardy. Ýogsam näme, bir neberäniň üç müň agzasynyň agzyny gum garbadan Biribar ýaňy örňejek bolup duran täze neberäni ýoklap bilmezmidi?! Bilerdi!

Abdylmäligiň on iki ýaşyndan bäri bar maksady – Allanyň hoşuna gelmek. Köp-köp sogap gazanyp, köp-köp haýyr işleri edip, üç oglunyň, Altynjan atly gyzynyň durmuş aýlawyna girmeklerini gazanmak.

Ol öz ýazgydyny akyl mizanyndan geçirmegi gowy görýärdi. Başdan geçiren ähli ahwalatlaryny Allanyň synagy hasaplaýardy.

Gaznaly soltanlygynyň emri bilen Hindistana jihat edilmegini Abdylmälik Allanyň synagy hem ýalkawy hasaplaýardy. Çünki bu jihat ýörişlerinde gaty köp adam yslam dinini kabul edýärdi, musulman bolýardy. Şeýle sogap iş edýändigi üçin emir Alladan müň keren razydy.

Dünýäni ahlak kanunlary dolandyrýar. Ahlak kanunlaryny adam döredenok, şolar adamy kemala getirýär. Olar adama däl-de, adam şolara bagly. Adamyň ýazgydy, ykbaly şolara bagly. Şonuň üçinem öz ömrüňde olary bozman, olary berjaý edip ýaşamaly, diňe şonda seniň bagt ýyldyzyň hiç mahal öçmän, şuglasyny saçar. Olary bozanyň döwleti gaýtmak bile, olary äsgermezlik edeniň tohumy tükener, soňy puç bolar.

Allatagala adamzat ýaşaýşyny hut şeýle gurnapdyr: seniň geljegiň sogabyňa ýa günäňe, halallygyňa ýa haramlygyňa bagly. Gözi bagly guş kimin etjegiňi edibermeli däl, göwnüňe gelen işleri – halalmy-harammy – saýgarman gaýyrybermeli däl. Adamzat özüne oýlanyşyksyz, ýeňles ýaşamaga rugsat bererden has akylly, has çynlakaý jandar. Ol biparh hem biagyry ömür ötürerden has parhly edilip ýaradylan närse. Abdylmälik han hem bir zady bilýärdi: adamzat bu dünýä öz islän zatlaryny etmek üçin däl-de, Allanyň buýruklaryny amal kylmak üçin iberilendir. Şeýle borç boýna goýlan bolsa, onuň ýerine ýetirilmezligi üçin jogap soraljagy ikuçsuzdyr. Haram iş etseň, iru-giç netijesini görersiň, sen ömrüňde görmeseň, haramlyk seniň nebereleriňden çykar. Iň ýowuzy-da şol! Diňe kysmatdaky çözgüdiň däl, şu dünýädäki görjegiň, seniň nesilleriň-de görjegi – halal-haramlygyňa bagly. Öz göwün islegiňe görä däl-de, Biribaryň buýruklaryna görä ýaşamaly! Göwün islegiň yzyna düşseň, iki dünýäde-de saňa şumluk garaşýar, Hudaýyň buýrugyna laýyk ýaşasaň, iki dünýäde-de ýüzüň abraýa hem mertebä düşer. Bu – ýaşaýşyň ýeke-täk kanuny, ýaşaýyşda başga hiç hili kanun ýok. Bu kanuny aşa ýönekeý hem aşa ýüzleý görüp, göwün islegini bolsa düýpli hem manyly hasaplap, diňe şol boýunça ýaşanlaryň gününe – waý!

Öz ýaşaýşyňda, öz pikirleriňde, öz islegleriňde boýnyýogynlyk däl-de, boýun bolmak mertebäňi göterýär, abraý hem rysgal-döwlet getirýär, ömrüňi uzaldýar, nebereleriňe dowamat berýär.

Günäden gaça durmazlyk ýaşyňy syndyrýar, tohumyňy tükedýär. Başa bela azaşyp tötänden, öz-özünden gelenok, ýok, ol diňe haramylykdan hem günäden gelýär. Allatagalanyň guran bu dünýäsinde hiç hili tötänligem, ýalňyşlygam, düşnüksizligem ýok. Barça zadyň sebäbi-de, netijesi-de bar. Netijäňi iki dünýäde görýärsiň, ondan gaçyp gitjek gümanyň ýok.

* * *

Abdylmälik han özüniň, maşgalasynyň atasynyň – neberesiniň gününe düşmeginden biçak gorkýardy. Gyzynyň mekdepdäki mähraby döwmegi-de onuň gözüne juda ýowuz etmiş bolup göründi.

Mekdepde edilen etmişe jeza bermese, öz çagam diýip geçirimlilik etse, Hudaýtagalanyň gahar-gazaba münmegi mümkin. Şonuň üçin gyzyny jezalandyrmagy Abdylmälik han keramatly Perwerdigäriň öňündäki hökmany ymmatlyk parzy hasaplady. Han gyzynyň etmişi üçin aýalyny gamçylamak bilen çäklenmekçidi. Emma Altynjan tekepbirlik etdi:

– Baba, enemde günä ýok, enemi urma! Ursaň, diňe meni ur! Meni öldür, ýöne, ýalbarýaryn, eneme degme! Men näçe ursaňam, «wäk» diýmerin.

Gyzynyň tekepbirligi emiriň ganyny çüwdesine çogdurdy: onda sähelçe-de müýn ýok. Onda sähelçe-de gorky ýok. Ol urulsa-da «wäk» diýmejekdigini tekrarlaýar.

Han urdy.

Gamçysyny yzly-yzyna gyzynyň depesinden inderdi.

Altynjanyň çyny eken: ol doňan ýaly bolup, aglaman, gozganman dur. Onuň bolşy göýä gamçynyň agyrysy ýok ýalydy. Han köp kişini gamçylap görüpdi. Hiç kim gamçynyň awusyna döz gelip bilenokdy, walalaýlap aglamaga başlaýardylar. Abdylmälik han gözlerine ynanmajak boldy. Şol ynamsyzlyk bilen ol ýene birki gamçy urdy. Altynjan dişini gysyp, sandyr-sandyr etdi. Abdylmälik han gyzynyň özüne zor salyp, agyra döz gelýändigine düşündi.

Hajar hatyn äriniň aýagyndan gujaklap zar-zar aglady:

– Babasy, gyzyňy urma! Babasy ursa, gyz betbagt bolar.

– Ýok boluň şu ýerden...

Altynjanyň doňan ýaly bolup entegem şol bir durşudy. Ejesi gyzyny içerden alyp çykdy. Hareme bardylar. Öz otagyna giren Altynjan özüne gelip bilmeýän bolarly, ümsüm, gymyldaman durdy. Zary-binowa elewreýän Hajar hatyn gyzyna el degirmäge gorkýardy. El degren ýeriniň gamçynyň urlan ýeri bolmagy mümkin diýen pikir bilen ol gyzynyň hiç bir ýerine-de elini degrip bilmän, töwereginden galpyldap aýlandy, soňam gyzynyň sag elinden tutup çekdi.

Hajar hatyn gyzynyň ýüzüne naýynjar garap, gözünden paýradyp ýaş dökdi.

Gülýüzli akgyz iki ýana zowzanaklaýardy hem aglaýardy.

Urlan hemem aglamaly Altynjan bolsa-da, onuň ýanynda durup, hünübiryan gözýaş dökýän Hajar hatyn bilen Gülýüzli akgyzdy.

**3.**

Garaňky gatlyşýança harem tarapda hiç kim görünmedi. Garaňky gatlyşandan soňam hiç kim görünmedi. Gyzynyň ýüz-keşimi emiriň aňyndan aýrylmady. Onuň şirigana nazaryny, sarsman durşuny ýatladygyça özünde nähilidir bir näsazlyk duýuldy. Göwnüne bolmasa, ol öz hökmürowanlygyna daýanyp, adalatsyzlyk eden ýalydy, öz-özüne sowal berýärdi: «Men adalatsyzlyk etdimmi? Ýok, sen adalatly iş etdiň. Gyzyň metjidiň-mekdebiň mährabyny döwüp, günä iş edipdir. Sen şol günä iş edeni, hut öz gyzyň bolsa-da jezalandyrdyň. Gyzyňy şol eden günäsi üçin jezalandyrmadyk bolsaň, ana, onda seniň adalatsyzlyk etdigiň bolardy. Etmiş eden jezasyny çeksin! Eger adalatsyzlyk etmedik bolsam, onda men näme üçin özümi müýnli duýýaryn?!» Emir özüniň bu sowalyna welin jogap tapyp bilmedi.

Ol agşam ýatmak üçin düşegine geçende ýene Altynjanyň şirigana nazaryny ýatlady. Gyzyna näçe gamçy urandygyny anyklamaga çalyşdy. Ýöne näçe gamçy urandygyny takyk bilmedi. Az-a däl. Ol gyzynyň mertligine buýsandy. Neneň buýsanmajak, urgynyň öňünde Altynjan waweýla eýlemedi! Hakykatynda onuň ýaly urgynyň öňünde men-men diýen ärler hem durup bilmez. Özi zenan maşgala bolsa-da, Altynjanyň çydamlylygy erkek kişileriňkiden zyýada. Emiriň göwnüne, gyzynyň waweýla eýlemezliginiň aňyrsynda hikmet bar ýalydy, ol hikmet gyzyny Allanyň goranlygyndady. Allatagala gamçynyň nähak urlanlygy üçin onuň agyrysyny özüne alandyr, Altynjan agyryny asyl duýan däldir, şonuň üçinem şirigana durandyr. Ýogsam ol urgularyň öňünde ses etmän durmak mümkin däl.

Emiriň gyzyna näçe gamçy urandygyny anyklajak bolmasy-da ýöne ýere däldi. Onuň göwnüne, gyzyna urlan her bir gamçy – bir günädi. Ol gyzyna el göterip näçe günä gazanandygyny anyklamakçy bolýardy. Bu gorky emiri gaplap alypdy.

«Häzir Altynjanyň ýagdaýy nähilikä? Öz-ä gamçynyň degen ýerleri agyrýandyr. Näzik bedeni bar onuň, gamçynyň degen ýerleri pazza-pazza gabaran bolmaly öz-ä! Ýok, gamçynyň degen ýerleriniň derisi soýlup, ol ýerlerden gan akýandyr. Ol ganyny nädip sakladyka? Sakladymyka beri? Mansur tebip çagyraýmaly eken. Ol görnenok welin, eýgilikmikä? Akgyzam-a görünmedi».

Abdylmälik han daş çykdy. Maksady howlynyň içinde durup, harem tarapa diň salmakdy.

Dym-dyrslyk.

Adatça, derwezäniň mirşepleri özara hümürdeşip oturýardylar, olardan hem bu mahal ses-üýn çykanok. Entek uklardan-a irräk.

Abdylmälik han hareme bakan ugrady. Onda dörän gorky barha örç aldy: «Gyzym özüni bilmän ýatan bolaýmasyn?» Emir gyzynyň bolýan şebistanynyň gapysyndan çalaja jyklady, Aýyň ýagtysyna gyzy Altynjanyň çugutdyryp oturandygyny saýgardy. Ol näme üçin çugutdyryp otyr? Ýa ýatyp bilmeýärmikän?! Emir gyzyna seredip esli salym durdy, seretdigiçe oňa nebsi agyrdy, özüniň gelenini duýdurmak üçin iki gezek ardynjyrady.

Kakasynyň ardynjyramasyny eşiden Altynjan zöwwe ýerinden galdy. Onuň nazary gapa gönükdi. Sähel salymdan Abdylmälik han içeri girdi. Hanyň sesi pessaý çykdy:

– Gyzym, ýataňokmy entek?

Gyz näme jogap berjegini bilmän aljyrady:

– Ýok, baba, ýatamok...

Ara ep-esli dymyşlyk düşensoň, han pessaý gürledi:

– Ýagdaýyňy biläýeýin diýip geldim men...

Kakasynyň bu mylaýym sözüne Altynjanyň günortandan bäri tar-tar bolup duran göwün kirişleri tarsa-tarsa üzüldi, damagy hykga doldy-da, günortanky gamçynyň agysynyny indi aglarly göründi. Ol ilki kemiş-kemiş etdi. Aglamazlyk üçin zol-zol ýuwdundy, ýöne her näçe dyrjaşsa-da, agysyny saklardan ejiz geldi, gözýaşy sil bolup akdy. Ol kemiş-kemiş edip, soňundan möňňürip goýberdi.

– Meniň gyzym mertdir. Saňa aglamak bolmaz!

– Men mert, babam. Men aglamok, indem aglamaryn. Meni gowy görýändigiňizi bilýärin-ä men. Babam, men siziň hiç wagt gaharyňyzy getirmerin indi. Babam, siz näme diýseňiz şony ederin – diýip, Altynjan ýetişibildiginden gözleriniň ýaşyny sylyp samrady. Ýöne gözýaş Altynjana entegem sakladanokdy.

Şol gije Altynjan bigam çagalyk dünýäsinden çykyp, «ýalançy dünýä» atlandyrylýan gamly hem datly dünýä gadam basdy.

## Bäşinji hekaýat

## ÜÇ ŞERT

Altynjan Tümen daýysynyň wepatyndan soň öňki Altynjan däldi, ol indi öňküleri ýaly gudumanlyklaryny, şereňňizliklerini etmeýärdi, bir howlukmaçlyk çyksa-da, ylgajak, gaty ýörejek bolmaýardy, horam edip, efsun atyp ýöreýärdi. Özem ol indi öňküleri ýaly, hiç kim bilen erjeşmeýärdi. Öň deňi-duşlarynyň başgaplaryny kakyp alyp, elýetmez ýere – köplenç öýüň üstüne taşlamagy gowy gören bolsa, indi ol-a oglanlaryň ýeňsesine kakmak ýa başgabyny elýetmez ýere zyňmak eken, oglanlar bilen aňsat-aňsat gürleşmeýärdem. Ol diňe iki sany gyz – Kalbyna hem Balnäz bilen ýürek açyşýardy, raz aýdyşýardy. Olar bilen ýegana jorady.

Altynjan indi öňküleri ýaly, Gülýüzli akgyza zulum etjek bolubam ýörmeýärdi. Oňa diňe käte bir hykarat bererdi: «Eňegiňe jaň dakylan ýaly seniň, azrak gürle!» diýip. Öň şowhun-şagalaňy gowy gören Altynjan indi hylwaty ümsümligi gowy görüp ugrady. Onuň uzynly gün ýeke agyz söz aýtmaýan gezeklerem bolýardy.

Üç-dört aý geçdi welin, Altynjanyň öňki şereňňizligi hem erkek kişileriň eşigini geýip goňşy obanyň oglanlary bilen başa-baş ýumruklaşmalara gatnaşmasy-da selçeňleşdi. Ol indi owadandan-owadan zenan lybaslaryny geýýärdi. Altynjan hanyň gyzy ahyryn, onuň özüni alyp barşy, geýim-gejimi ähli zenanlaryňkydan, boýdaşlarynyňkydan parhlanmasa – elite hüllepuş[1] geýinmese bolmaz ahyryn!

Altynjan zünnar[2] kemerine çalymdaş altyn tirme kemerini hiç wagt bilinden aýyrmaýardy. Sag tarapyndan sapy pöwrize daşyndan nagyşlanan şemşeri mydama asylgy durardy. Bu şemşer oňa Tümen

daýysyndan teperrik galypdy. Geýmesine agasy Sadyllanyň eşiklerini geýýärdi, ýöne bir tilsimjagazy ulanýardy: ol Sadyllanyň köýnek-dyzdanynyň üstünden özge gyz-gelinleriňkä meňzemeýän biçüwde uzyn eşik geýýärdi. Onuň egninde gyrmyzy reňkli kumaşdan tikilen köýnegi bardy. Köýnegiň üstündenem uzyn, ýukajyk, ak haluf ýüpeginden[3] edilen çenberi geýýärdi. Ol egin-eşigine aýratyn üns berýärdi. Ussat tikinçilere özüne nähili biçüwde egin-eşik tikmelidigini birin-birin öwredýärdi. Tikinçi işe başlansoň, aňsat-aňsat onuň ýanyndan aýrylmaýardy. Altynjana ýaranmak aňsat däldi. Muny ähli tikinçiler bilýärdi. Şonuň üçin ähli biçüwi, ähli tikimi Altynjanyň öwredişi ýaly edýärdiler, ýogsam öz bilişleri ýaly etjek bolsalar, muňa Altynjanyň gahary gelýärdi, olaryň başynda harasat gopdurýardy. Iň gowusy, et diýlişi ýaly edip dynmak, başyňy gutarmak.

Altynjanyň üç sany ak ädigi bardy. Bu ädikleri nädip tikmelidigini, biçüwiniň nähili bolmalydygyny ol ädikçä birin-birin öwredipdi. Ädikleriň gonjuna tylladan nagyş etdiripdi.

Geýnişi boýdaşlarynyňkydan görnetin tapawutly bolansoň, nirä barsa, Altynjan saýlanar durardy (zenanyň ýarym görki egin-eşiginde, dakynýan şaý-seplerinde!), onsoň ähli kişiniň nazary ondan aýrylmazdy. Ol özüne gözügidijilik bilen seredilmegini isleýärdi, şol seretmelerden çäksiz lezzet alýardy, öýünden çykanda mydama bezenip-beslenip çykýardy. Saçlaryny gyrmyzy dilbent[4] bilen daňardy. Bilegine dakynýan bilezigi, bilindäki şemşerli kemeri, aýagyndaky tylla halhaly[5] oňa biçak ýaraşyk hem haýbat berýärdi.

Altynjan herki zatda boýdaşlaryndan, adamlardan tapawutlanmagy gowy görýärdi. Ol ähli zat babatda tapawutlanmak islegine-de ýetýärdi.

Geýinmekde onuň bilen bäsleşip biljek zenan ýokdy.

Owadanlykda onuň bilen bäsleşip biljek zenan ýokdy.

Batyrlykda oňa taý ýokdy.

Gylyçlaşmakda oňa taý ýokdy.

At üstünde oýun görkezmekde oňa taý ýokdy.

Arap, pars, ýunan dillerinde arassa, şirin gürlemekde oňa taý ýokdy.

Sowatlylykda, okunlykda, önjemlilikde, üşüklilikde oňa taý ýokdy.

Eger aýtmaly bolsa, badyhowalykda-da, özüne göwnüýetijilikde-de oňa taý ýokdy.

* * *

Razzak damulla Altynjanyň her bir hereketini göz astyndan synlaýardy, onuň soňky günler edaly gyza öwrülmegini bolaýmaly zat hasaplaýardy.

Dogrusy, Razzak damulla özüni ýiti synçy, ýiti pelsepeçi ulama saýýardy. Altynjanyň agraslaşmagyny onuň çagalykdan saýlanmagy diýip hasap edýärdi. Bu müçe – yşky müçe. Bu müçede her ýaş juwan yşk ataşyna uçramaly. Altynjan yşk ataşyna haçan uçrar? Razzak damulla Altynjanyň yşk ataşyna uçraryna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Eýsem, Altynjan bilen dünýäsi birleşjek ýigit barmy? Edil Abdylmälik han deýin Razzak damulla hem hyýalynda Altynjana mynasyp gerçek agtarýardy. Horezmin şalygynda özüniň deňsiz-taýsyz batyrlygy, önjemliligi, pählewanlygy, edermenligi bilen şan-şöhrat gazanan ärler, gerçekler juda kän. Razzak damulla özüniň tanaýan okun kişilerini birin-birin göz öňünden geçirip çykdy, ýöne hiç bir gerçekde ol Altynjana mynasyplyk görmedi.

Altynjanyň hyrydary welin günsaýyn köpelýärdi. Gaýradan gelýän ýigitlerem bardy, olar Jeýhundan geçmegi ýüksünmeýärler, näme üçin gelýändiklerini asyl ýaşyrjagam bolup duranoklar. Olar üçin Altynjan elýetmez şaha. Wah, adama mahsus häsiýet şeýle-dä: ol özüne ýokary baha berip, dagyň kert gaýasyndaky mumyýa hyrydar çykýar. Her kim öz deňini tapmaly. Ýok, kül üstünde oturan garyp hem şanyň ýa hanyň gyzyna öýlenmek islär eken. Onsoň seniň ýaşaýşyň ony kanagatlandyrjakmy? Bezirgeniň oglumyň, bezirgeniň gyzyna öýlen, baýyň oglumyň, baýyň gyzyna öýlen. Öýüňdäki düşegiň boriýa[6], iýýäniň ýegesi bilen tötek bolsa şanyň gyzyna, hanyň gyzyna seretme. Ýöne adamyň tebigatynda bar ýokary ymtylmak. Murty taban, başy dumanly goç-goç ýigitler Abdylmälik hanyň gyzyna aşyk. Herýeten Altynjanyň özüne ýylgyrap bakmagyny, özüne magşuk bolmagyny isleýär. Gijelerine güpjekleri gujaklap, ýorganyny iki satanynyň arasyna salyp arzuwa çümerler. Göräýmäge, güpjek Altynjanyň bili, ýorgan aýaklary ýalydyr. Aňlarynda Altynjandan başga hiç kim ýokdur.

Gyzlaryň güni kyn, juda kyn. Olara erkek kişilere ýylgyryp seretmek bolmaýar. Öz deň-duş oglanlaryna ýylgyryp seretmek asla-da bolmaýar. Sähel ýylgyryp seretdigiň, ýigitler ony özlerine osýarlar. «Bu gyzyň mende göwni bar, maňa hatyn bolmak isleýär, ýöne ol söýýändigini aýdyp bilenok. Dogry edýär, asylly gyz şeýle-de bolmaly. Bu gyz maňa durmuşa çyksa, bagtly boljagyny bilip durandyr» diýip pikir eder, soňam gyzyň şol ýylgyryp bakmasyna esaslanyp, gyza hyrydar çykar, gyzyň öýüne sawçy ugradar. Ana, onsoň

gyzyň öýüne şol sypaýyçylyk üçin ýylgyrylyp bakylan ýigidiň hossarlary sawçylyga gelip durandyr. Eý, Hudaý, sähelçe sypaýyçylyk ýylgyryşy üçin, gör, näçe peri-peýker gyzlaryň bagty ýatdy. Gyzyň pikiri diňlenilýärmi näme?! Oguzda ata-enesine: «Ýok!» diýip biljek gyz dogulýarmy näme?! Gör, näçe garry mamalar, eneler ömründäki ýeke sypaýyçylykly ýylgyryşyna nälet okap gitdiler bu dünýäden.

Razzak damulla Altynjanyň agraslanmagyna esaslanyp, ony haýsydyr bir ýigide magşuk bolandyr öýdýärdi. Gyzyň özüni edepli-ekramly alyp barmasyny hem magşuklyga ýorýardy. Ýöne Altynjanyň söýgüsine mynasyp bolan är ýigit kim? Herhal, zamahşarly ýigitler-ä Altynjanyň özleri üçin elýetmez şahadygyny magat bilýärler, şonuň üçin «ýuwdunmazlyga» çalyşýarlar. Bilesigelijilik Razzak damullany halys heläk edýärdi. Altynjan baradaky pikiriniň anygyna ýetmek üçin ol gala gelýän ähli ýigitleri mukym synlaýardy. Altynjan kim bilen gürleşýär? Öýüne gaýdanda ýolda duşuşýan gerçegi barmy? Haýsy ýerden sawçy gelipdir? Razzak damulla şu zatlaryň anygyna ýetjek bolup gara gündedi. Bu örtenmelerinden özüne jinnek ýaly peýdanyň ýokdugyny bilmesine bilýärdi, ýöne özüne: «Bes et!» diýip bilenokdy ol.

Herhal, Razzak damulla uzak kösenmeli bolmady. Altynjany Gauhor etrabyndan çiltenleri bilen yzyna alyp gelenlerinden iki aýdan soň, ol özüniň pelsepe, adamyň içini bilmek babatda asgyn adam däldigine açyk göz ýetirdi.

Gawşfinj şäheriniň häkimi Harur Aksungaryň ogly Gökhun bir gün asly ýunanly, ýöne Horezminde ýaşap musulmanlaşan, ýerli dili, edim-gylymy öwrenen täjiriň gyzy Kalbynanyň üsti bilen özüniň hyrydardygy hakda Altynjana habar ugratdy.

Başga bir gün Balnäz Bahram Kyýas atly ýigidiň söýýändigini aýtdy.

Şaýürek Altyndaşyň haýsydyr bir weziriniň oglunyň Altynjana öýlenmek isleýändigi hakdaky habary getirdi. Oňa hyrydar bolup, osmakçy iberen ýigitleriň sany ýedä ýetdi.

Altynjan osmakçylaryň sözüni piňine alman, äre çykmak barada oýlanman, asyl oýlanmagam islemän okuwa gatnaýardy. Galan wagtyny hem harby türgenleşik bilen geçirýärdi. Asyl onda boş wagt ýokdy. Ýöne ony duluna geçirmek üçin göwün ýüwürdýän ýigitler onuň kä eýlesinden, kä beýlesinden geçip, ünsüni özlerine çekmekçi bolýardylar, gürleşmek isleýärdiler. Ony güldürip dagy bolaýsa, onda-ha öýlenmek meselesiniň doly çözüldigi hasaplajakdylar. Arman, Altynjan Kalbynadyr Balnäz bilenem kän bir gürleşmeýärdi.

Altynjanyň hyrydarlary boş oturmaýardylar. Olaryň öz osmakçylary, öz sözaýdyjylary bardy.

* * *

Nowruz baýramçylygynda mekdepde ýigrimi bäş gazan ataryldy. Galanyň adamlary metjide-mekdebe ýygnandy.

Erkek kişiler bir ýanda, gyz-gelinler bir ýanda aýratyn düşekde naharlandylar.

Ýaş oglan-gyzlar hiňňildik uçdular. Altynjan hem hiňňildik uçup göwün solpusyndan çykmak isledi. Ýigitler hiňňildige bat berdiler. Kalbynadyr Balnäz hiňňildik sähel bat alsa titreşdiler, Altynjan welin hiňňildik näçe batly boldugyça, şonça hezil etdi. «Gyzlar, gorkmaň!» diýip, ol joralaryny köşeşdirmäge çalyşdy.

Kalbyna bilen Balnäz oňa gorkmazlyga söz berselerem, hiňňildik batlanyberse, gorkularyna alagykylyk etdiler. Olar bilen hiňňildik uçup göwün solpusyndan çykyp bilmejegine göz ýetiren Altynjan gygyrdy:

«Saklaň hiňňildigi!»

Hiňňildik saklandy.

Altynjan joralaryna çikjerip bakdy. Olar Altynjanyň gaharynyň gelendigini aňyp, şelaýyn dillendiler:

«Melikäm, bizde siziňki ýaly ýürek ýog-a! Biziň towşanyňky ýaly, gorkajyk ýüregimiz bar».

«Menden daşrakda boluň! Şu gün meniň gözüme görünseňiz, eýgilige garaşmaň!»

«Melikäm!..» diýip, Balnäz nämedir bir zat aýtmakçy boldy, ýöne ýetişmedi: Altynjan onuň elinden çekip, honda zyňdy:

«Ýok boluň diýdim-ä men size! Ýok boluň!»

Şondan soň Altynjan Anuşirwan hem doganlary Kabyldyr Habyl bilen bir sallançakda uçdy. Olar sallançagy şeýlebir batlandyrdylar, şeýlebir batlandyrdylar, sallançak dik depä galyp, birpaýyz doňan ýaly bolup durýar-da, soňam howany dilimläp-dilimläp aşak gaýdýar. Onsoň sallançak beýleki tarapa atylyp gidýär. Altynjan sallançagyň iň ýokary hetde ýetip säginýän sähel salymlyk pursadyny has gowy görýär, ol şol ýokarky çäkde köpräk durmak isleýär. Sallançagyň dik ýokary galyp, sähel salymlyk togtaýan pursadyny ejesiniň «gyz ömri» diýip atlandyryşyny ýatlaýar.

Sallançagyň iň ýokary galan pursady – gyzlyk döwri. Altynjan bu pikiri içinden telim ýola gaýtalap, sallançaga bat berýär. Sallançak her sapar ýokary çäge baranda ýüregi hopup gidýär, ol muňa begenip, dowamly gülýär.

Altynjan sallançakdan düşende çilteniň onbegileri – jandarlar Ýatmaz bilen Çyrlak ony bir çete çekdi. Olar oňa Dowalat atly ýigidiň duşuşmak isleýändigini aýtdylar. Altynjan olara anyk jogap bermedi.

Onuň ýanyna ýaňyja kowlan Kalbyna geldi. Ol juda möhüm bolmasa, häzir Altynjanyň ýanyna gelmeli däl. Meger, ony gyssandyrlar. Kalbyna gorka-gorka gelip, bir ýigidiň Altynjana aşyk bolandygyny aýtdy. Muňa Altynjanyň girre gahary geldi. Ol hol gyrada üýşüp duran ýigitlere seretdi.

Allatagala erkek kişilere zenanlaryň ýanyna barmagy, ilki bolup söz aýtmagy emr edipdir. Ýöne ol duran ýigitler göni gelip söz aýdyp biljek japy erkek kişilere meňzänok. Şeýle bir pähim bar: «Muhammet daga barmasa, dag Muhammediň ýanyna barar» diýip. Altynjan ýöräp barşyna ýigitleri gözden geçirdi. Ýigitleriň özüne gözügidijilik, hyrydarlyk bilen seredişleri hoşuna geldi. Ýigitler gylyçlaşmakdan, garşydaşyny ýeňmekden ymgyr datly lezzet alýarlar. Altynjan garşysynda duran ýigitleri gylyjy bilen däl, özüniň gözelligi bilen bendiwan etmekden, olary öz gözelligine kökermekden, ýeňmekden lezzet aldy. Ol ýeňiji hökmünde gürledi:

– Eý, Allanyň sylanlary, meniň sylamagymy isleseňiz, ýanyma osmakçy ibermäňizi bes ediň! Bir zat aýtmak isleseňiz, meniň özüme açyk aýdyň! Men ker ýa lal däl, herki dile düşünýärin. Siziň gürlejek dilleriňize-de düşünerin. Isleseňiz, arap dilinde aýdyň. Isleseňiz, ýunan dilinde aýdyň. Isleseňiz, pars dilinde aýdyň, men bu dilleriň haýsy birinde gürleseňizem, size gowy düşünerin. Azan babam Soltan Mahmyt Gaznalynyň döreden dilinde[7] gepleseňizem düşünerin. Arada dellal gerek däl! Arada terjuman gerek däl! Hakykatdanam maňa öýlenmek isleýän bolsaňyz: «Men saňa öýlenjek» diýip, näme üçin meniň ýanyma göni gelmeýärsiňiz? Ýa bir aýbyňyz barmy? Ýa gorkýarsyňyzmy? Eger gorkýan bolsaňyz, onda maňa öýlenjek bolup oturmaň. Sebäbi men özümden döwi pes äre «Är!» diýmek islemeýärin.

– Osmakçyny ýanyňa men iberdim. Hany, aýt, sen nähili äre «Är!» diýmek isleýärsiň? – diýip, Bahram Kyýas öňe saýlandy.

– Altynjan, men hem seniň göwnüňi awlamak isleýärin. Seniň maňa göwün bermegiň üçin nähili şertiň bar bolsa, şol şertiňi bitirmäge taýýar men – diýip, Dowalat atly ýigit hem iki-üç ädim öňe saýlandy.

Kalbyna ýigitleriň ýakynyna bardy:

– Melikämiziň size üç sany şerti bar.

Ýigitler ýerli-ýerden heşerlenişip gygyryşdylar:

– Aýt üç şertini!

– Birinji şerti gylyçlaşyp ýeňmeli.

– Ikinji şerti näme?

Altynjan bilinden gamçysyny sogrup aldy-da, ýokarda galgatdy:

– Erkekligi erkeklik kesgitlänok, merdanalyk kesgitleýär. Ikinji şertim şeýle: merdana ýigit maňa gamçy çalsyn. – Altynjan elindäki gamçyny gerçeklere bakan oklap goýberdi.

Ýigitler gözlerini tegeleşip, Altynjana seredip durlar. Megerem, olar Altynjandan beýle-beýle zada garaşmadyk bolarly. Oňa aşyk bolup ýören ýigitleriň hiç birisiniň gamçyny ýerden götermäge bogny ysmady.

Wagt welin geçip durdy.

Altynjan garaşdy.

Gamçyny götermeli aşyklar başyny aşak salaýdylar.

Ýok, duran ýigitleriň arasyndan bir jaýty murtly arjanak öňe saýlandy. Ol apadaň-apadaň ýöräp geldi-de, hanyň gyzynyň oklan gamçysyny ýerden göterdi. Ýigit elindäki gamçyny saldarlap gördi-de, Altynjanyň ýanyna geldi.

– Eý, Horezmin gözeli! Men saňa hak aşyk. Men sen diýip, Gawşfinj şäherinden ýörite geldim. Adym Gökhun. Gawşfinj şäheriniň häkimi Harur Aksungaryň ogly men.

– Eliňe gamçy almaga gaýratyň çatdy. Indi näme üçin dursuň? Başlaber!

– Meniň durmagymyň sebäbi birinji şertiňi dürs hasaplasam-da, ikinji şertiňi dürs hasaplamaýanlygymda.

Kalbyna Altynjanyň gulagyna çawuş çakdy. Onuň aýdan sözlerine Altynjanyň girre gahary geldi:

– Mende-de göz bar, Kalbyna. Görüp durun-a men. Näme, beýle oda-köze düşýärsiň?! Beýle gowy ýigit bolýan bolsa, özüň äre baraý.

Kalbyna Altynjanyň bu sözüni dönüklik hasaplady. Ol utanjyna hem gaharyna çym-gyzyl boldy. Urmaga küşdüniň ýetmejegini bilensoň, dili bilen ýepbeklemäge häzirlendi. Ýöne Altynjanyň ýüregine neşter bolup uruljak ýiti sözi tapmady:

– Gökhun maňa däl-de, saňa hyrydar. Eger maňa söz aýdan bolsa, men oňa sen ýaly garşy çykyp durmazdym... – Ine, Kalbynanyň gahar ýüzüne tapan sözi.

Bu söz Gökhuna güýçli täsir etdi. Ol Kalbynany ilkinji gezek görýän ýaly, boýdan-başa synlady.

Gökhun esli salym dymyp, soň dillendi:

– Saňa öýlenmek isleýänligim hak, Altynjan. Men agyr synag isleýärin...

– Onda näme üçin ýöwselleýärsiň? Ur meni!

– Sen: «Erkekligi erkeklik kesgitlänok, merdanalyk kesgitleýär» diýip rast aýtdyň. Ýöne naçary, ejizi urmak merdanalykdan däl, men merdana synaglary isleýärin.

– Men özümi naçar, ejiz hasaplamaýaryn. Men özümi janymak, çydamly hasaplaýaryn. Maňa hökümdar boljak kişä özümiň ňähili çydamly gyzdygymy iliň öňünde görkezmek isleýärin.

Gökhun gamçyny ýerden götermäge gaýrat tapan-da bolsa, ony Altynjanyň depesinden indermäge gaýrat tapmady. Gaýtam, Altynjany ýakyndan synladygyça lagşady. Hakyt lagşady. Altynjan onuň göz öňüne getirişinden has dilnowaz hem has dilruba eken. Dogrusy, Gökhunuň Altynjandan döwi pes geldi. Ol elindäki gamçyny ýere oklady:

– Ýok, gözel gyz, seniň bu şertiň dürs däl. Başga şert tap. Isle, meni ursunlar. Men yh-çoh etmän çydaýyn, ýöne seni urup biljek däl. Saňa gamçy göterer ýaly däl.

– Bu şertiň bolmaýar, başga şert tap! – Ýigitler ýerli-ýerden gygyryşdylar.

– Üçünji şertiňi-de aýt!

– Maksadyň gamçy iýmek bolsa, bu islegiňe äre baraňsoň her gün ýetersiň. Üçünji şertiňi aýt!

– Meniň üçünji şertim – ömrümiň baş maksady bilen baglanyşykly. Eger şol maksadyma ýetmesem, men bu dünýäden ahmyrly öterin...

– Aýt, aýt!

Gökhun has ynamly gürledi:

– Altynjan, aýt maksadyňy! Men seni şol maksadyňa ýetireýin.

– Hiç ýerde orun-ojak tapmaýan, baran ýerinden kowulýan, soňky gezek Mawerennahrda Alytegin bilen oňuşman Horasana gaçyp barýarka Altyndaşyň hossar çykan bir alaman jemagaty bar. Ol alaman, ganhor jemagat kynyk jemagaty. Onuň başynda Togrul diýen kellekeser durýar. Bu jemagata Altyndaş Gauhor, Şaruhan, Rabat-Maşe sebitlerini mülk beripdir. Bu gün köp emirler olardan ýaňa gan aglaýar. Togrul meniň Tümen daýymy öldürdi. Meniň şol ganhorda arym bar. Hunum bar. Ras, batyr bolýan bolsaňyz, şol alamanyň özüni ýa-da kellesini getiriň!

Ýigitler Altynjanyň bu sözüni makulladylar, ýeňil dem aldylar.

Olaryň bolşy Zamahşardan uzakda bolmadyk Gauhorda taýýar kelle ýatan, ol kelläni hiç hili gypynçsyz mura-mugt alyp gaýdybermeli ýalydy.

Ýok, Togrul kynygyň kellesini alaýmak aňsat düşmez. Ýöne Altynjana ýetmek üçin şol kyn söwda baş goşanyňa degýän bolmaly. Belki, ähli zat oňuna bolar, Allatagala: «Omyn!» diýse, müşgil asana öwrüler.

– Men Togrulyň kellesini getirerin ýa-da şu ýolda ölerin – diýip, Dowalat ynamly öňe omzady.

– Men Togrulyň kellesini getirerin, hökman getirerin – diýip, Bahram Kyýas öňe omzady.

Ýigitleriň arasynda Altynjanyň dogany Sadylla-da bardy. Ol nowruz baýramyna Jürjaniýadan Bahram Kyýas bilen bile gelipdi.

Sadylla uýasyndan beýle töwekgellige garaşmandy, uýasy ony aňk edipdi. Ol aňkarylyp, bolup geçýän wakalary synlap durdy. Gökhundan soň hiç kim orta çykyp gamçyny götermäge milt edip bilmejekdigini aňdy-da, Altynjanyň ýanyna bardy:

– Bar, öýe gaýt! Babam görse, damagyňy çalar.

– Goý, çalsyn!

Gamçy şol ýatan ýerinde iki günläp ýatdy. Ony ýerden götermäge, näme üçindir, het eden tapylmady, ýöne Togrul begiň kellesini kesip, Altynjanyň öňüne taşlamak, şeýdibem merdana iş bitirip, oňa mynasyp är bolmak üçin eli ýataganly Gauhor sebitine sary at salan ýigitler-ä az bolmady.

Altynjanyň baş şertini bitirip, oňa är boljak, inçe bilinden guçjak, ýyly gujagynda meýmiräp, bugaryp ýatjak japy gerçek kimkä?!

Muny diňe bir Razzak damulla däl, ähli zamahşarly bilmek isleýärdi.

Muny Altynjanyň özi-de bilmek isleýärdi.

Ýene näçe gün garaşmaly bolarka?

Altynjanyň hasaby boýunça ýene alty günden özüne eýe çykjak gerçek Zamahşar galasynyň derwezesinden dabara bilen girmelidi.

Şol günden başlap, Zamahşarda dabaraly pursada garaşyp ugradylar.

Iň esasy zat hunuň alynmagy, Altynjan bu maksadyna ýetmek üçin tapan çykalgasyna begenmek begenýärdi

Alma ýokary atyldy, ol ýere düşýänçä iş gaýyrmaly.

## Altynjy hekaýat

## ÝAKYNYŇ ÝOLAN SAKGALY BITMEZ

1030 (422)-njy ýyl musulman dünýäsinde agyr ýyl boldy: möminleriň emiri Halypa Kadyr Billa Abulapbas ibn Abdylmuttalyp Haşymy Apbasyly Bagdatly aradan çykdy, onuň halypalygy kyrk bir ýyl üç aýa çekipdi. Ýerine ogly Kaýym geçdi.

Şol ýyl soltan Emineddöwle Abulkasym Mahmyt ibn Söbüktegin hem dört tirkeşleriň üçünji aýynda dünýäden ötdi. Onuň hökümdarlygy otuz ýyla çekdi. Ýerine ogly Muhammet, ýigrimi bäş günden soň, Masut geçdi.

Iki görnükli şahsyň ölümi hakdaky habar Zamahşar galasyna baranda Abdylmälik han ýedi günläp matam yglan etdi. Olaryň aşyny-suwuny berdi.

Altynjan soltan Mahmydyň wepadyny eşidende has gynandy, aglamak aglady, kyrk günläp matam tutdy. Kyrk günläp oňly iýip-içmänden soň horlanmak horlandy. Onuň bar arzuwy özüne ak pata beren mertebeli soltanyň didaryny görmekdi. Elbetde, oňa «Soltan Mahmydyň nurana keşpli, görmegeý ýüzli, kiçi gözli, gyzylymtyl saçly adam bolandygy, ogly Muhammediň agynjak özüdigi, ogly Masudyň bolsa dolmuş göwreli, uzyn boýly adamdygy»[1] hakda telim ýola gürrüň beripdiler.

Altynjan matam tutan günlerinde bilegindäki siňňiliň aýrylandygyna haýran galdy, bu ahwalaty nämä ýorjagyny bilmedi.

Soltan Mahmydyň ýogalmagy, tagta ilki Muhammediň, yzysüre-de Masudyň geçmegi bilen Altyndaşyň, şol sanda Abdylmälik hanyň güni-de ýeňilleşdi.

Altyndaş Horezmini özbaşdak şalyk etmegiň kül-külüne düşdi, ýöne bu maksadyna ýetip bilmän, soltan Mahmydyň wepatyndan iki ýyldan soň bu dünýäden göç etdi. Onuň tagtyna ogly Harun ibn Altyndaş geçdi.

Abdylmälik han Harun bilen arasyny sazlajak bolup köp yhlas etdi. Oňa ýaranmak aňsat däldi. Ol hedýe kabul etmegi ähli zatdan beter gowy görýärdi. Şeýle bolansoň han galada süýji nygmatlary, ok-ýaý öndürip, lomaý gazanç etmek, şol gazanjyň ujundan Haruna aýma-aý hedýe, has dogrusy, rişwet ýollamak bilen meşgul boldy. Yhlasy ýerine düşdi: ol bir ýylyň içinde Harunyň iň hormatly emirleriniň birine öwrülmegi başardy. Köşkde uly dabaralar geçirilende Harun Abdylmälik emiri hökman çagyrýardy we oňa hormatly orun berýärdi. «Bu dünýäde rahat ýaşamagyň iň derwaýys şerti häkimiň – ýolbaşçyň bilen araňy sazlamak. Her etmeli-hesip etmeli häkimiň bilen gowy gatnaşykda bolmaly: iň esasy, islendik pursat oňa rişwet bermäge mümkinçiligiň bolmaly. Onuň saňa yşanmagy, seniň näjüre adamdygyň ölçegi – şu işi näderejede başarýanlygyňda» diýip, han ogullaryna aýdýardy. Han Hudaýa şükür edýärdi, ogullaryndan razydy. Ogullary onuň sözünden çykanoklar, wesýetine eýerýärler.

Kakasynyň ýardamy hem maslahaty bilen Sadylla Jürjaniýanyň baş medresesini tamamlap, şol ýerde işe galdy. Abdylmälik han oňa şäherden üç otagly howly satyn alyp berdi, Gazanpar Takyň gyzyna öýerdi.

Geçen ýyl olardan bir ogul dünýä indi. Oňa Kerem diýip at goýdular. Agtygy dünýä inende han hatyny bilen gyzyny şähere alyp geldi. Olar çaga çileden çykýança – kyrk günläp ýaş enä ýardamçy boldular.

Abdylmälik han her sapar köşge hasabat bermäge gelende oglunyň howlusynda ýatyp-turýardy.

Sadylla otagyň birini «Babamyň tamy» diýip aýratyn hatyralap saklaýardy. Onda Abdylmälik hanyň egin-eşiklerine çenli durdy.

Bu otag Abdylmälik hanyň Zamahşardaky otagynyň kiçeldilen görnüşine çalym edýärdi, hakykatdan hem şäheriň otagy galadaky otagdan görnetin kiçidi.

Abdylmälik han uly oglunyň öz ýanynda bolmagyny isleýärdi, ýöne Eprikogullary neberesiniň çar ýana kök urmagy onuň üçin has möhimdi, şonuň üçin ol Sadyllanyň paýtagtda işe galmagyny gurnapdy.

Indiki ýyl, nesip bolsa, Kabyl bilen Habyl hem Jürjaniýa okamaga gelerler. Abdylmälik han ekizleriniň durmuş ýoly, etmeli işleri hakda köp oýlanýardy, olar bilen maslahatlaşýardy. Soňky gelnen pikir boýunça okuwlaryny gutaranlaryndan soň Habyl mirasdüşer hökmünde Zamahşarda ýaşar, işlär, Kabyl golaý-goltumdaky obalaryň birinde raýis bolar.

Han Kabylyň haýsy ýerde bolsa-da horlanmajakdygyna, gününi görjekdigine ynanýardy. Kabyl bilen Altynjanyň häsiýetleri meňzeşräkdi: hyjuwlydylar, okgunlydylar, batyrdylar, töwekgeldiler. Habyl olara seredende biraz ýöwseldi.

Han Habylyň entek-entekler taplanjakdygyna ynanýardy, çünki, Sadylla-da başda ýöwseldi, sadady, myllykdy.

Bu gün Sadylla öňki Sadylla däl. Şäher durmuşy ony birkemsiz taplapdyr, indi onda öňki myllyklyk ýok. Asyl, ol baş bazardaky iki sany halwa dükanyny gül ýaly dolandyryp otyr. Abdylmälik han Sadylladan täjir çykar, halwa dükanyny dolandyrmagy oňarar öýtmändi. Hudaýa şükür, Sadylla aýsaýyn baýaýar.

Abdylmälik hanyň uly oglunyň dogumyna begenjiniň çägi ýok, onuň işiniň mundan beýlägem şow almagyny dileg edip, iki gezek galada sadaka berdi. Şäherdäki howlusynda-da iki gezek sadaka berdi. Sadaka diňe bir goňşy-golamlar däl, Sadyllanyň ähli işdeş müderrisleri-de üýşüp geldi.

Sadylla kyrk-elli müderrisi Abdylmälik hanyň ýanyna getirdi:

– Baba, ine, bu kişiler meniň işdeş ýoldaşlarym – diýdi. Epeý-epeý ulamalar, müderrisler Abdylmälik han bilen gelip salamlaşdylar. Olaryň biri Sadylla hakda ýörite söz açdy:

– Tagsyr, siz gowy ogul ýetişdiripsiňiz. Sadylla hafyz çykdy. Biz Sadylla guwanýarys, onuň röwşen geljegi bar. Nesip bolsa, Sadylla fykh ylmyndan hem nassdan[2] düýpli işleri eder.

– Eýýäm birnäçe işi bitirdi – diýip, ikinji bir ulama başky gürlän girdenekje ulamanyň sözüniň üstüni ýetirdi.

Ogluň hakda gowy sözler aýdylsa, ata üçin şondan datly başga näme bolup bilsin?! Ulamalaryň, müderrisleriň hoş sözleri hana hakyt ganat bekletdi. Ol Zamahşara guş bolup uçup geldi.

Han aýalyny, ekizlerini, gyzy Altynjany daşyna egele edip, olara Jürjaniýada Sadyllanyň abraýynyň uludygy, sadakasyna kyrk-elli sany ulamanyň, müderrisiň üýşüp gelendigi, oňa guwanýandyklary, fykh hem nass ylymlaryndan uly işler edýändigi, bu zatlardan daşgary baş bazardaky iki halwa dükanynyň işinem birkemsiz dolandyrýandygy, agtygy Keremiň janynyň sagdygy hakda guwanyp gürrüň berdi.

Nesip bolsa, han Kabyly-da, Habyly-da, Anuşirwany-da öýerer. Hudaý şol günlere ýetirsin!

Ýöne, haýp, ähli isläniň bolup duranok...

* * *

Abdylmälik han öz tabynlygyndaky sebitiň ýagdaýy hakda Altyndaşa hasabat bermäge Jürjaniýa şäherine gitdi. Ol on günden soň ýadaw hem gaharly dolandy, «Sag-salamat geldiňizmi, tagsyrym?!» diýip, sadykan garşylan, atyny tutan gapydan Mansuryň üstüne jabjyndy:

– Men-ä saňa halal ojagymy, galamy yşanýaryn, sen bolsa öýde dönük saklap, ýal berýärsiň. Kim ol meniň duzumy iýip, soňundan meni köşge eltip satýan? Kim?

– Meniň adamlarym-a dönüklik etmez...

– Onda kim ol dönük? Belki, men ýalan sözleýändirin?!

– Ýok, ýok!

– Belki, Altyndaş ähli zady düýşünde oraşan görendir?! Ä?!

– Yşanar ýaly däl...

– Meniň sözüme yşanar ýaly dälmi?

– Size yşanýaryn, begim, yşanýaryn.

– Onda näme üçin «Yşanar ýaly däl» diýýärsiň?

– Men beýle diýjek bolmadym...

– Onda näme diýjek bolduň?! Men ýalan sözleýärin, şeýlemi? – Emiriň gahary ýetjek derejesine ýetdi.

Mansur öz emirine belet. Ol gahary gelende her sözüňe yrsaramaga ökde. Şonuň üçinem emiriň gahary gelen pursady geplemeli däl. Şondan gowusy ýok. Şeýle pursat gürlemek, düşünişjek bolmak – onuň hasam gaharyny getirmek. Başga hiç zat däl.

Mansur dymdy. Ähli zadyň günäkäri özi deýin, egnini ýygryp, başyny aşak saldy.

– Garşyma gidip, janymy ýakma, Mansur. Dönügi tap, dö-nügi! Özem derrew tap!

Hanyň sözleri howludakylary serasimalyga saldy: ähli kişä wehim aralaşdy. Her kim özüne atyljak bolunýan töhmetden goranmaga häzirlenýän dek, ýuwdundy.

Mansur handan beýle habara garaşmadyk bolarly, huk bolup, sömeldi durdy. Han yzyna öwrülip gelmedik bolsa, onuň howluda ýene näçe wagtlap durjagy belli däldi:

– Mansur! Arada Gazanpar Tak gelip gideninden soň, öýde hyzmat edip ýörenlerden kim nirä gitdi, kim kim bilen gürleşdi? Ine, şuny maňa derrew anyklap ber. Onsoňam Babyr görnenok-la?

Mansur geňirgendi:
– Haýsy Babyry soraýarsyňyz?
Emir bu sowala hasam gaharlandy:
– Näme, indi Babyry-da tanamaýarsyňmy?
– Bizde üç sany Babyr bar. Biri seýis, ikinjisi mirşep...
– Men seýis bilen mirşepi başyma ýapaýynmy?! Men senden mirşikär Babyry – Keski Keleviň çykanyny soraýaryn.
– Hä, mirşikärmy, bar, bar.
– Nirede?
– Hekemgähde, elguşlara iým berýär.
Emir pyşyrdap sorady:
– Soňky bir aýyň dowamynda galadan çykdymy?
– Çykdy, çykdy. Bir gezegem däl, telim ýola çykdy.
– Nirä gitdi?
– Tazylaryna, elguşlaryna iýer ýaly zat tapmak üçin çykdy.
Emir öz otagyna bakan ýöräp ugrady:
– Ähli zadyň anygyna ýet! Babyr galadan çykyp nirä gidipdir? Kim bilen duşuşypdyr, näme üçin duşuşypdyr. Anykla, ähli zady anykla! Eşidýärmiň, maňa meniň bagtymy ýatyrmak isleýän adamy tapyp ber! Uzak garaşdyrma meni!
Her kim başarýan işine girişdi: adamsynyň «Meniň bagtymy ýatyrmak isleýän» diýen sözüni eşiden Hajar hatyn haremhanasyna girip, gözýaş dökmäge başlady. Altynjan beýleki zenanlara goşulyp ejesiniň ýanynda bolmalydygyny bilýärdi, ýöne häzir ejesiniň ýanynda oturyp, aglap biljek däldi. Onuň aglasy gelenokdy, gahary gelýärdi. Ejesi aglap durka gapdalynda aglamazlyk hem gowy däldi. Aglamajak bolsaň, iň gowusy, ejeň ýanynda görünmezlikdi.
Bagtyýatan hatynyň aglamakdan başga elinden näme gelýär?! Hiç zadam gelenok. Bagty ýatanda, belki, erkek kişilerem aglasa aglaýandyr. Abdylmälik hanyň hem şu mahal gülüp oturmandygy hak. Ähli ýük hana düşýär.
Bir hakykata galada ähli kişi düşünýär: Abdylmälik hanyň bagtynyň ýatdygy – Zamahşar galasynyň bagtynyň ýatdygy.
Abdylmälik hanyň bagtynyň ýatdygy – onuň ähli neberesiniň, onuň ähli adamlarynyň bagtynyň ýatdygy.
Bagtyň ýatmasy – kimdir biriniň öýünde gyrnak bolup hars urmak. Wah, bagtyň küle çökse, gyrnaklyga-da razy gelersiň, kim bilýär, ertir seniň damagyňy kyhladyp çalarlar. Damak çalmaga Mamunlar ökdedi. Altyndaşlaram ökde, bokurdagyňdan ganyň pöwhüldäp akmasyndan lezzet alýarlar. Diňe olar däl, olaryň ýanyndakylaram hezil ederler. Eý, Hudaýa hudawende, şolara tomaşa bolmakdan daş edeweri!
Altynjan şebistanyna girdi, ýöne oturyp karary bolmady, ýumşa taýyn bolup duran akgyzyna seretdi. Gülýüzli dessine melikesiniň maksadyna düşündi:
– Häzir taýýar bolar – diýip, ol teblehana bakan ýumlukdy.
– Saklan! – Altynjan howatyrly gygyrdy: – Ilki ähli hyzmatkärleri bagyň sypasynyň ýanyna jemle. Kimiň dönükdigini men gaty bahym bilerin.
Abdylmälik hanyň öýünde hyzmat edýän serkerdelerden, mirşepdir sakçylardan hemem haşymlardan özge ýigrimi bir kişi: alty aýal maşgala, on dört sany erkek kişi – dört ferraş, üç akgyz, bir atabeg, bir mirşikär, bir seýis, iki bagban, aw tazylaryny, guşlaryny idedýän üç hyzmatkär, iki sany atbakar, bir naýyp, bir işigagasy, bir desterhançy bardy, olardan Mansurdyr Omardan özgesi nyzama düzüldi.
Altynjan erkek kişileriň hataryny gözden geçirip:
– Hany, Dowguş nirede? – diýip, ýigrimi birinji hyzmatçyny – atbakary sorady.
– Emir ony bir ýere ugratdy öýdýän, ol howludan gyssagly çykyb-a gitdi – diýip, Haldan jogap berdi.
– Tapyň!
Her kim bir tarapa agtarmaga gitdi, ýöne atbakary tapyp bilmediler.
– Galadan çykyp gidipdir ol – diýip, Haldan gorkuly seslendi. – Ýok ol. Gürüm-jürüm bolupdyr. Ol indi tapdyrmaz.
– Uzaga giden däldir. Yzyndan kowsak ýeteris. Gideliň! – diýip, Altynjan Mansura ýüzlendi.
Şadranç bilen Mansur bu pikiri oňlady.
Altynjan ata atlanyp, howludan çykyp ugranda yzynda birtopar atly peýda boldy. Bu atlylar Altynjanyň jandarlarydy. Olar Habyl bilen Kabyldy, Anuşirwandy. Ol Akgaýady, ol Çyrlakdy, ol Ýatmazdy.

Galanlaram zamahşarly ýigitlerdi. Altynjan olaryň serkerdesidi. Olar – çiltendi, özlerini «çiltenler» diýip atlandyrýardylar.

Oglanlaryň galabasy başda oňa janpena bolmak islemediler. Şonda Altynjan berk durdy: özüniň hemaýaty bolmasa, olara ýaşaýşyň juda kyn düşjekdigini subut etdi. Dogrusy, häzirki janpenalaryň içinde boýun sunmajak bolup Altynjandan almytyny almadyk az-azdyr. Kabyl-da, Habyl-da, Anuşirwan-da gepsiz-gürrüňsiz boýun sunmaýandygy, buýrugy dessine ýerine ýetirmeýändigi üçin serkerdelerinden ýumruk iýipdiler. Ýatmaz bilen Çyrlak-da ýumruk iýe-iýe boýun sunupdylar. Olaryň içinde ýumrugy iň az iýen Akgaýady. Ol Ýatmaz bilen Çyrlakdan iki ýaş kiçidi, et diýlen işi etmese, sadykanlyk bilen boýun sunulmasa, soňunyň nähili bolýandygyny telim ýola görüpdi. Şeýle bolansoň, ol özgeleriň ýalňyşyny gaýtalajak bolanokdy. Onsoňam ol beýleki ýigitlere görä polady ýumşakdy, hoşgylawdy. «Hoşamaý söz süňk döwer» diýen pikiriň dogrudygyna ol gaty berk ynanýardy, hoşamaýlygy özüne ýaran edinipdi.

Altynjanyň çiltene baş bolup ýörşi hakda eşidende Abdylmälik han juda gaharlandy. Ol çiltenler hakda Altynjan ar aljak diýip Gauhor etrabyna giden gezegi eşidipdi. Han gyzynyň yzyna janpena tirkemegini gadagan etdi. Şondan soň Altynjan yzyndaky oglanlary kowdy. «Meniň yzyma düşmäň, öz günüňizi özüňiz görüň» diýdi. Zamahşarly jahyllar Altynjanyň yzyndan, barybir, aýrylmadylar, nirä gitse, yzy bilen gitdiler.

Häzirki döwürde janpenalar bir iş etmekçi bolanlarynda onuň bilen maslahatlaşýardylar. Çiltenleriň oňa sygynmaklary hem ýöne ýerden däldi: başlaryna iş düşende Altynjanyň şol işi düzetmek üçin soňuny gaýgy etmän, özüni oda urýandygyny hemem urjakdygyny bilýärdiler. Özem olar Altynjanyň islän işini bitirjekdiginem bilýärdiler. Onsoň şeýle serkerdäniň saýasynda bolmak olar üçin ygtybarlydy, bähbitlidi. Onsoňam Altynjan olary hiç bir zada mätäç edenokdy, mahal-mahal dirhemdir dinar-da paýlaýardy.

Häzirki maksat – nirä gaçan hem bolsa Dowguşy tapyp getirmekdi. Çiltenler topar-topar bolup, galanyň dört tarapyny-da agtarmaga ugradylar. Galanyň derwezesiniň derbanlary Dowguşuň demir gyr atly galadan çykyp, gündogar tarapa gidendigini habar berdiler. Altynjan derbanlaryň salgy beren tarapyna at saldy.

Hernäçe uzaga gitseler-de, Dowguşdan gördüm-bildim bolmady. Ol, megerem, tokaýlykda gizlenýän bolarly.

Altynjan garagörnüm alyslykda iki ýüz çemesi atlynyň üýşüp durandygyny görüp, Akgarynyň jylawyny çekdi:

– Olar kimkän? – diýip, howsalaly seslendi. – Togrul Seljukly bolaýmasyn?

– Altyndaşyň olara hossar çykmasy maňa gaty düşnüksiz – diýip, Şadranç alysdaky atlylara ýiti-ýiti seretdi.

Mansur müňkür gürrüňe goşuldy:

– Aldap ele saljak bolýandyr olary.

Habyl ynamly sözledi:

– Ýok, Altyndaşyň maksady olary ele salmak däl, jellat hökmünde peýdalanmak.

– Kynyklar gelen bolsa, indi bize rahatlyk bolmaz. Olar düýn bizden halwa satyn alan bezirgenleriň kerwenini derýanyň boýunda talapdyrlar. Beýle talaňçylyk öň bolmaýardy ahyryn! – diýip, Mansur uludan demini aldy. – Altyndaşyň olara beren Rabat Maşe, Şaruhan, Gauhor etraplarynyň Zamahşardan biraz uzakdalygy-da bir gowy.

– Uzakda diýib-ä arkaýyn bolma. Ganhoruň aty – tüweleý. Olarda serhet ýok. Tüweleý durar, olar durmaz. Şol görünýän atlylaram seljukly kynyklar bolmaly. Ganhorlar! – diýip, Altynjan hyrçyny dişledi.

– Siz bir oýnam ganhoruň gürrüňini edip dursuňyz. Olar üns bereniňize degenog-a. Aýaklaryny sähel gyşyk basdyklary hut özüm olaryň tepbedini okaryn. On müň atly nire – bir oýnam garakçy nire! – Kabyl badyhowa dillendi: – Olar dyp edip bilmez.

– Olar Tümen daýymy öldürdiler.

– Altynjan, daýymy seljuklylar öldürendir öýdemok men-ä! Eger olar öldüren bolsa, tokaýlygyň içinden: «Men Togrul Seljukly!» diýip gygyrmaz, özüniň kimdigini aýtmaz. Bu ýerde bir pyrryldak bar.

Alysdan görünýän atlylara seredip duran Mansur müňkür özbaşyna hüňürdedi:

– Eý, Hudaý, olar kimler? Abdylmälik hanyň günortanky aýdan betbagtlygynyň alamaty bolaýmasyn?!

– Şanyň nökerleri-hä däl.

– Abdylmälik hanyň nökerleri-de däl.

– Dogry, olar gaznalylardan, horezminlilerden däl. Görüň-ä, olaryň geýimleriniň, atlarynyň reňki agam däl, gara-da.

– Onda haýsy reňkde olar?

– Uzak bolansoň, açyk saýgaryp bilemok. Öz-ä dor ýa al reňkli olar.

– Dor, al reňk kimiňki bolmaly? – diýip, Anuşirwan gyzyklandy.

– Al reňk[3] – iň soňky reňkleriň biri öz-ä.
– Oguzyň ýigrimi dördünji agtygy kynyklar dälmi? – diýip, Anuşirwan Sadyllanyň ýüzüne soragly bakdy.
– Takyk ýadyma düşenok.
– Bä, damulla, seniňem bilmeýän zadyň bar eken. Men sen ähli zady bilýänsiň öýdýärdim.
– Ähli zady bilýärin men. Biraz oýlanaýyn, häzir ýadyma düşer.
– Diňe bir gorkana däl, ýigrenene-de goşa görner eken. Altynjan, sen ähli zatdan halamaýan zadyňy görýärsiň. O görünýän atlylar-a gara reňkli. Diýmek, olar gaýalaryňky – diýip, Habyl atlylara bakan ýiti-ýiti seretdi.
– Bä, seniň ýeke gözüň biziň iki gözümizden gowy görýär-ow – diýip, Altynjan gaşlaryny gerjeşdirdi, ol Habyla paýyş söz aýdarly göründi, jaýdar paýyş söz ýadyna düşmän örtendi.
– Pal atyşyp durman, ýörüň, üstlerine baralyň! – diýip, Kabyl çynyrgartdy, atyna gamçy çaldy.
Alysdaky atlylar özlerine tarap birtopar atlynyň gelýändigini görüp, alagykylyk, alatozan turzup, gündogar tarapa at saldylar, sähel salymdanam gözden ýitdiler.

* * *

Mansur gören atlylary, olaryň gündogara bakan gaçyp gidendikleri hakda hana habar berdi. Ol sözüni soňlap-soňlamanka Haldan ferraş at çapdyryp geldi.
– Düýn bizden halwa satyn alan bezirgenleri talan kynyklar häzir atgaýtarym gündogarda – suwuň boýunda meýlis gurap otyrlar. Olary güpbasdy edip boljak. Sebäp, häzir olar serhoş.
Haldanyň bu habaryndan soň Abdylmälik han buýruk berdi:
– Begler ýygnansyn!
Çapar ugradyldy.
Sähel salymda hanyň alty ýüzden gowrak atlysy howlynyň öňünde ýygnandy.
Abdylmälik han ogullary bilen gyzynyň ýörişe taýýar bolup durandygyny görüp, kesgin gygyrdy:
– Habyl, Altynjan, siz öýde galyň!
Howly boşap galdy. Hana, atabegiň otagynyň gapysam açyk dur, ol hem gidipdir.
Mansur pola öz otagyna girip-çykyp, nämedir bir zat bilen gümra, ol gaty arkaýyn görünýär.
Şeýle galagoply pursatda Mansuryň hojalygyň ownuk-döwnük işleri bilen gümra bolup ýörmesi, hiç hili howsalasynyň ýoklugy Altynjanyň hoşuna gelmedi. Ähli kişi (ol «ähli kişi» diýip, esasan, özüni göz öňünde tutýardy) ber-başagaýka näme üçin ol hyrda zatlara güýmenen bolup ýör?
Emir ähli erkek kişileri yzyna tirkäp seljuklylardan hasabat soramaga gitdi. Mansur, näme, erkek dälmi?
Altynjan gazap bilen Mansuryň otagyna girdi. Dogrudanam, naýyp giň otagynyň içinde otyr . Özem öňi durşuna hazyna: dirhemdir dinar.
– Babam dagy gitdi!
Mansur Altynjanyň bu sözüniň manysyna düşündi. Ol: «Kakam dagy gitdi, sen näme üçin olar bilen gitmediň?» diýmekçi boldy. Naýyp bu söze jogap bermedi, sebäbi näme jogap berjegini bilmedi.
– Mansur daýy, siziň arkaýynlygyňyza meniň gözüm gidýär. Men hiç ýerde rahatlyk tapyp bilemok.
– Seni näme biynjalyk edýär, gyzym?!
– Anyk bilýän zadym ýok. Diňe bir zady bilýärin. Ol hem özümdäki düşnüksiz bir wehim. Göwnüme bolmasa, ýakyn wagtda aýylganç bir betbagtlyk depämden gopaýjak ýaly duýulýar.
– Näme bolup biler?
– Wah-weýla, bilemok-da, Mansur daýy!
– Eger sen gorksaň, onda biz-ä üstümizi bürenip ýatybermeli bolarys – diýip, Mansur şelaýyn ýylgyrdy.
– Babam hem mydama hiç zatdan gorkmazlygy ündeýär. – Altynjan nämedir bir zat hakda oýlanýan ýaly, ýokaryk seretdi: – Babam mydama gorkmazlygy ündeýär welin, ol bir gorkuly wakanyň boljagyny öňünden duýýan ýaly...
– Giň bol, gyzym. Sen, iň gowusy, şahynyň barada alada et! Ol şu gün ertir iýmini iýmedi, bir hylt tapaýan ýaly ol.
Yzyna öwrülmekçi bolan Altynjanyň nazary Mansur polanyň sag gapdalynda ýatan iki sany haltajyga düşdi, ini dyglap gitdi.
O haltajyklar Altynjanyňky ahyryn! Olary Altynjan Şadranç müňbaşa elin beripdi.
Altynjan bir bökende haltajyklary garbap aldy.
– Mansur daýy, bular size nireden düşdi?

– O saňa nämä gerek?
– Gerek, juda gerek! Şadranç müňbaşy berdimi?
– Ýok, muny maňa babaň berdi.
– Bu haltajyklar babama nireden düşüpdir?
– Saňa näme boldy, gyzym? Birden üýtgäýdiň-le?
– Muny men bilmeli, hökman bilmeli.
– Bu iki haltany babaňa Şadranç beräýdi öýdýän. Meniň şeýle pikir etmegimiň bir sebäbi bar. Ol babaň ýanyna girip, nämedir bir zat hakda uzak gürrüň etdi. Şadranç gidensoň, babaň meni dergähine çagyryp, şu iki haltajygy berdi, hazyna goşmagymy tabşyrdy.
– Men hakda hiç zat aýtmadymy şonda?
– Ýok, aýtmady.
– Gör, nähili nejislik! Dönük! Nejis, dönük!
– Kim?!
– Kim bolar öýdýärsiňiz? Şadranç!
– Beýle mojuk söz aýtma, gyzym! Kimden çyksa-da, Şadrançdan dönüklik çykmaz.
– Meni babama satypdyr ol!
– Babaň Şadranjyň hany ahyryn! Ol babaňa aýtman, hiç zat edip bilmez. Ähli zady aýtmak, hasabat bermek – serkerdäniň borjy.
– Diýmek, siz meniň häzirki sözlerimi-de babama aýdarsyňyzmy?
– Eýsem näme? Hasabat bermek – meniň borjum.
– Satyň! Satyň meni! – diýip, Altynjan gazaplandy.
– Seni satarys. Özem gaty gymmat satarys. Seniň mahýaň sebitde iň ýokary mahýa bolar.
Altynjan atylyp daşaryk çykdy.
Onuň nazary diňiň üstünde egnindäki ak biýz köýnegini iki ýana pasyrdadýan Haldanda hemem al-asmandan özüne seredip duran gara bürgütde saklandy. Bürgüt öň görünmeýärdi. Ol Altynjany özüne aw hasaplaýan ýalydy, ganatlaryny gerip durşy ýene sähel salymdan aşak şaglap inäýjek ýalydy. Altynjan Tümen daýysy entek gundagdaky çagajykka bürgüdiň alyp gidendigini, babasydyr mamasynyň gutuny aljak bolandygyny eşidipdi. Asmanda bürgüt görünse, bagt dilemelidigi barada Altynjana köp gezek aýdypdylar. Bürgüdiň Allatagaladan bagt – gut getirýändiginem, ýanyňda kim bar bolsa jemlenişip: «Eý, guş, ber gut, ber gut!» diýip gygyrmalydygyny-da aýdypdylar. Bu guşy görenlerinde: «Ber gut, ber gut!» diýenlerinden soň, onuň ady ber gut – bürgüt bolupdyr, hakyky ady unudylypdyr diýýärler. Bürgüt – bagt-gut berýän guş!
Altynjan guşa elini uzadyp gygyrdy:
– Ber gut! Ber gut! Eý, guş, maňa Alladan gut getir!
Bürgüt gozganmady, şindem gerlen ganatlaryny gozgaman asmanda doňan ýaly bolup durdy. Altynjan ýene gygyrdy:
– Eý, e-eý, guş! Ber gut! Ber gut! Maňa Alladan gut getir. Men Altynjan! Men Abdylmälik hanyň gyzy! Allaga: «Altynjana gut gerek» diý. Gut ber! Eý, guş! Ber gut! Daýymyň hununy almaga daldaw ber! Togrul Seljuklyny öldürmäge daldaw ber! Pelit Togruly elime ber, men onuň gözünde ot ýakaýyn! Ber gut! Ber gut!
Bürgüt ganatlaryny çala gymyldatdy.
Altynjany geň galdyran diňe bürgüt däldi, Haldan ony has geň galdyrypdy, çünki ol elini bulaýlap kimidir birini yhlas bilen çagyrýardy.
Kimi?
Altynjan öýde dönügiň bardygy hakdaky kakasynyň janykmasyny ýatlady. Şol dönük Dowguş däl-de, Haldan bolaýmasyn?! Belki, Haldan kimdir birini çagyrýandyr?
Altynjan ýuwaşlyk bilen bilindäki hanjaryna el ýetirdi. Onuň sapyndan berk gysyp, birden garpyşmaly bolsa ät galmazlyk üçin ykjamlandy.

**Ýedinji hekaýat**

## DEŇ ETSE – DUŞ EDER

Haldanyň gözi birden bürgüde: «Ber gut!», «Ber gut!» diýip gygyryp duran Altynjana düşdi-de, doňdy galdy, soňam aşak oturdy. Melikäniň özüne seredýändigini-seretmeýändigini anyklamak üçin ýuwaşjadan boýnuny uzadyp seretdi. Altynjan ony görmedikden boldy.

Haldan janyny barlamak isläp, Altynjanyň ýanyna haş-haşlap geldi:

– Melikäm, melikäm, ýaňy meni gördüňmi?

– Gördüm – diýip, Altynjan sowuk jogap berdi.

– Näme soraýar? – diýip, Haldanyň ýanyna Habyl geldi. Habyly gören Haldan hasam aljyrady.

– Hiç zadam däl, hiç zadam däl, men şo ýokardaky bürgüdi kowjak boldum. Näçe kowsamam gidenok. Ol häliden bäri howlynyň depesinde doňan ýaly bolup, Altynjan melikäme seredip dur. Ol bir zat ogurlamakçy bolýar.

Altynjan bilen Habyl bürgüde seretdi. Dogrudanam, bürgüt şindem howlynyň depesinde ganatlaryny käte bir çala gymyldadyp durdy. Ol hiç ýerik gitjek bolanokdy.

Altynjan Habyla ýüzlendi:

– Eý, doganjygym, gel, bürgütden gut diläli.

– Gut?!

– Hawa, gut.

Iki dogan bürgüde bakyp, gut dilemäge başladylar:

– E-eý, guş, gut ber! Ber gut! Ber gut! Biz Abdylmälik ibn Bugrajyk ibn Abdalyň çagalary! Biz Altynjan bilen Habyl! Bize ber gut! Bize ber gut!

Habyl bürgüde aýratyn dileg saldy:

– Men – Habyl! Men Abdylmälik hanyň körpe ogly – Habyl men! Men senden gut dileýärin. Bir günlük ömür berseňem, mertebeli ömür ber. Näme berseň, Altynjana ber. Goý, uýamyz maksadyna ýetsin.

– Wiý, Habyl, näme üçin beýle diýýärsiň? – diýip, Altynjan geňirgendi.

– Altynjan, men munuň ýaly zatlara ynanmaýaryn.

Altynjan Habylyň mynajatyna üns bermän, özi guşa ýene dileg etdi:

– Eý, guş, ber gut. Ber gut! Mertebe ber! Şöhrat ber! Tümen daýymyň aryny almaga daldaw ber! Hökmürowanlyk ber! Saglyk ber!

Altynjan Haldanyň mölterilip seredip durşuny halamady, azmly buýurdy:

– Bar, derwezäni ýap!

Haldan bu söze garaşmadyk bolarly, tisginip gitdi, ellerini hereketlendirip, nämedir bir zatlar aýtmakçy boldy, sakawlady:

– Näme üçin? Neme-eý?! Häzir Abdylmälik han gelýär. Ol: «Derweze açyk dursun» diýdi.

– O näme üçin ýalan sözleýärsiň? Ýogsa-da sen näme üçin topardan galdyň?

– Han maňa galmagy buýurdy. Men ferraş.

– Bar, derwezäni ýap!

– Ýok, ýok, mäligim, siz maňa: «Derwezäni ýap!» diýmäň. Soň maňa han hezretleri käýär.

– «Derwezäni ýap» diýýärin men saňa!

– Ýok, ýok! ... – Haldan derwezä ýakynlaşmaň diýýän terzde elini hereketlendirdi.

Habyl bilen Altynjan derwezä bakan ýöräp ugrady.

Uzaklardan at toýnaklarynyň dükürdileri eşidildi.

– Gördüňizmi, Abdylmälik han eýýäm gelýär. Derwezäni ýapan bolsam, ol size däl-de, maňa käýärdi.

Atlaryň dükürdisi ýakynlaşdygysaýyn, näme üçindir, Altynjanyň ýüreginiň gürsüldisi artdy. Göýä ýüregi agzyndan çykaýjak ýaly, batly dükürdedi. Endamynda galpyldy peýda boldy, gulagynda kakasynyň günortanky sözleri gaýtalandy: «Öýde dönük bar. Kim ol meniň duzumy iýip, meni köşge eltip satýan? Kim?» Altynjan yzyna gaňrylyp seretse, şol dönügiň kimdigini göräýjek ýalydy, ýöne yzyna seretmekden heder etdi. Heder etmez ýaly däldi: eşidilýän at toýnaklarynyň dükürdileri gaty nätanyşdy, ol dükürdilerde hyrsyzlyk, ganhorluk duýulýardy. Atlaryň öz maýdalyna däl-de, sütem görüp çapýandygy dükürdilerden gaty açyk duýulýardy.

Altynjan howlynyň derwezesini ýapmaga girişdi.

Birtopar atly gelip, derwezäniň öňünde saklandy. Gelenleriň içinden kimdir biri haýbatly gygyrdy:

– Biz talaňçylyk üçin gelmedik. Biz Abdylmälik han bilen düşünişmäge geldik. Näme üçin derwezäni ýapýarsyň?

– Abdylmälik han häzir ýok. Siz oňa galanyň daşynda garaşyň.

– Derwezäni aç! – diýip, bir deşlek kişi elindäki ýatagany bilen Altynjana hemle atdy.

– Içerik goýberjek däl!

– Goýberersiň!

– Goýbermerin!

– Biz gowy niýet bilen geldik.

– Kim siz?!

– Biz kynyklar.

– Togrul Seljuklymy?

– Hawa, hawa, Togrul Seljukly.

– Senmi şol?!

– Kim bolanymda saňa näme? Aç derwezäni!

– Sen Togrulmy?

– Togruly näme etjek? Derwezäni aç!

– Ýok, ýok!

– «Derwezäni aç!» diýýärin men saňa!

– Howla goýberjek däl!

– Goýberersiň! Ýatagany böwrüňden geçirerin – diýip, deşlek kişi gaty arkaýyn süründi. Elindäki ýataganyny Altynjanyň döşüne diredi.

Altynjanyň aňynda amatly pursadyň dörändigi barada pikir peýda boldy. «Aryňy al, Altynjan! Bürgüt saňa doldaw berýär, aryňy al! Häzirki pursady elden berseň, soň bürgüt saňa beýle pursat döredip bermez!

Belki, bu Togrul däldir?!

Ikirjeňlenme, Altynjan! Gör, bu deşlek kişiniň ýaramazdygyny, ol gyz maşgalanyň döşüne ýatagan direýär! Beýle nejisligi diňe Togrul edip biler».

Altynjan gaýrata galdy: elindäki hanjaryny bat bilen bulady.

Hanjar deşlek kişiniň bokurdagyny kesdi. Bokurdagyndan al gan tüwdürilip akýan, üznüksiz hakyrdap gorkunç ses edýän deşlek kişi – Togrul beg yza serpildi.

Yzdaky haşym bokurdagyndan gan çogup akýan ýoldaşynyň ýykylmazlygyna hemaýat etmekçi boldy, ýöne ýetişmedi: böwründen yzly-yzyna urlan hanjaryň yzasyna çydaman, aýylganç bir waňkyrdy. Onuň waňkyrmasyna Altynjanyň depe saçy üýşüp gitdi. Böwründen yzly-yzyna hanjar urlan haşym gözlerini petredip Altynjana seretdi durdy, soňam sessiz ýykyldy.

Üçünji haşym bolan ahwalaty görüp, walalaýlap gaçmak bilen boldy.

Atlylaryň serkerdesi atdan düşüp, derwezäniň ýanyna geldi:

– Eý, bu tula şunuň ýaly gabahatlyk etdimi?

Serkerde eli hanjarly, üst-başy gara gan Altynjany görüp sakga saklandy.

Altynjan ýüzüne pürkülen gany ýeňine çalyp, garpyşyga häzirlendi.

Ilkinji gezek aw patasyny berenlerinde eliňi, ýüzüňi gana bulaýarlar. Altynjanyň üst-başynyň gana bulaşmagy, meger, mundan buýanky ärdemli gadamlarynyň patasy bolsun gerek! Ol garşysynda duran serkerdäni elindäki hanjaryny öňden batly atyp öldürip biljekdi, çünki ol on-on bäş ädim aralakdan hanjar urmaga gaty türgendi. Ýöne, şeýtse, soňundan ýaragsyz galjakdy. Şu-da ony töwekgellikden saklady.

Ol töwereginden hanjardyr ýatagan gözledi, tapmady, iki alaman öz ýataganlarynyň üstünde hykyrdaşyp ýatyrdylar.

– Taşla eliňdäkini! Taşla diýýärin men saňa, ganjyk!

– Näme bogazyňa bat berýärsiň? Gorkýarsyňmy? Hanjarymy taşlaýynmy? Erkek bolsaň, göni gel-dä!

– E-eý, byradarlar, eşidýärsiňizmi bu tulanyň diýýän sözlerini! Durşy bilen dogum-a bu. Birinji gezek görýärin men beýle dogumly urkaçyny. Biziň Tahyrymyz bilen Batmanymyzy öldürdi bu! Bu tula meniň kellämi almak islän gyz bolmaly! Şol gyzdyr! – diýip, serkerde öndedi.

– Bularyň içinde Togrul ýokmy? – diýip, Altynjan serkerdä iki maslygy görkezdi.

– Hä, Altyn gyz, saňa Muhammet Togrulyň kellesi gerekmi?

Altynjan pert jogap berdi:

– Gerek!

– Ynha, seniň ideglän kelläňi men elin getirdim. Al, şu gara kelle seniňki! – Togrul beg çyngartdy: – Aýt, sen meniň kellämi alyp näme etmekçi? Ýassyk edinjekmi?

– Tepük[1] etjek!
– Näme, näme?.. Tepük?
– Seniň küýze kelläň tepüge-de, güýe-de[2] ýarar öýdemok men.
– Hasan, Nasyr, eşidýärsiňizmi, meniň kelläm tepüge-de, güýe-de ýarajak dälmiş – diýip, Togrul beg şyg-şyg edip güldi.
– Iliň halal gazanjyny talap ýaşandan ölen ýagşydyr. Entek siz päliňizden taparsyňyz. Ili agladyp, gan gusduryp, elindäki iň soňky tötegini zorluk bilen alyp pälinden tapmadyk ýokdur. Alamanyň soňy sakar dowzahdyr.
– Gapyl, ganjyk! – diýip, atlylaryň birisi ik ýaly pyrlanyp geldi.
Togrul beg oňa garşy çykdy:
– Peýkam, goý, gürlesin. Bu, görýän welin, ýönekeý gyz däl, owadan bu, dogumly bu, özem bu perizat hakykaty aýdýar. – Ol Altynjana bakan ýöräp ugrady.
Altynjan özüne bakan gorky-ürküsiz ýöräp ugran egni gyrmyzy donly, başy oraýany peşli, pälwansypat nazarkerde serkerdä garşy nähili tilsim ulanjakdygynyň pikirini eýýäm edip ýetişipdi. Wah, elinde ýatagany bolanlygynda onda ol ýanyna ýeke kişinem getirmezdi. Ýöne bu gyýan-gyssagda ýatagany nireden tapjak?! Altynjan hanjaryny gorkusyz-ürküsiz gelýän serkerdäniň jugdanyndan urmak üçin bar güýjüni jemläp towusdy, ýöne, haýp, isleýşi ýaly bolmady: hanjaryny garşydaşynyň döşünden urmaga ýetişip bilmedi. Serkerde zor geldi, bir tilsim-ä ulandy ol, şeýle bir çalasynlyk bilen Altynjany egnine alyp, üç-dört gezek daşyndan pyrlandyryp-pyrlandyryp aýlady-da, honda zyňyp goýberdi.
Altynjanyň tas jany çykypdy, hyk etdi, hyr berip başy aýlandy, özüni hem demini dürsemek üçin ýekedyz bolup esli salym durdy. Başyny aşak salyp duran-da bolsa, serkerdäniň ýakynynda özüne seredip durandygyny – aýaklaryny gördi. Üstüni al don örten al ädikden gözüni aýyrman, butnaman durdy. Ol wagt ýitirmeli däldigine, çalasyn hereket etmelidigine düşündi: ikilenç bat alyp, serkerdäniň üstüne towusdy, bokurdagydyr diýen çen bilen hanjaryny bulady.
Serkerde beýle çalasyn herekete asyl garaşman eken, yza çekildi, ýöne eýýäm giçdi.
Altynjan hanjarynyň iş bitirendigini aňdy, begendi. Ol garşydaşyna göni seretmekden saklandy, onuň ýykylaryna garaşdy, ýöne garşydaşy ýykylmady.
Ondan gan akýardy. Hana, ýer gana boýalyp ugrady, ýöne ol gan bokurdakdan akýan gan-a däl. Sebäp garşyda duran hokurdanok.
Altynjan bilesigelijilik bilen serkerdä seretdi. Görse, Altynjanyň bulan hanjary bokurdagy däl-de, serkerdäniň döşüni kesip geçipdir. Togrulyň döşünden gyrmyzy gan akýardy.
Togrul beg ýaş ýigid-ä däl eken: ýaşy durugşan, daýaw göwreli, inçe ýüzli, dogumly, haýbatly, nazarkerde kişi eken.

* * *

Togrul beg garşysynda duran bu şirigana gyzda özüne ýakynlyk duýdy. Göwnüne bolmasa, indi, gör, näçe ýylyň içidir, agtaryp tapyp bilmän ýören iň ýakyn razdaryny, ýürekdeşini tapan ýalydy. Altynjanyň «Muhammet Togrul Seljuklynyň kellesini getirene durmuşa çykjak» diýen şertinden soň Togrul beg öz ýanyna baran Gökhunuň: «Sen bir gezek Altynjanyň didaryny gör. Ana, şondan soň näme etseň ediber» diýip, ynamly aýtmasynyň hikmetine edil şu pursat düşündi. Altynjany görende Togrul begde ruhy sarsgynyň bolup geçjekdigine Gökhun doly göz ýetiren bolsa gerek. Gökhun ýalňyşman eken! Togrul Seljuklyda güýçli ruhy sarsgyn gopdy.
Serkerde döşünden akýan gana ünsem bermän, şindem Altynjana seredip durdy. Üç-dört kynyk ýataganlaryny öňe tutup, Altynjana bakan ugrady.
– Bu gyza degmäň!
Serkerde ganyny akdyryp, ýere gaçan gamçysyny garbap alyp, Altynjanyň üstüne süründi. Altynjan üç-dört ädim yza çekildi:
– Indi gelseň, öldürerin! Saklan! Saklan!
Serkerde saklanmady. Ol elindäki gamçysyny birki ýola oýnatdy, soňam Altynjana gönükdirip, bat bilen aýlap goýberdi. Gamçynyň ujy şuwlap gelip, Altynjanyň hanjarly eline dolaşdy.
Altynjan nädip beýle bolanyna oňly düşünmän galdy: serkerde gamçysyny bir çekende Altynjan hakyt onuň gujagyna doldy.
Serkerde ony gujagyna berk gysdy, butnatmady, elindäki hanjaryny gaňryp aldy. Soňam ony itip goýberdi-de, depesinden gamçy inderdi.

Bu mahal Altynjan agyry duýanokdy. Duýaýanda-da mertlik bilen döz gelmäge çalyşjakdygy hakdy. Ol ölümini boýun almaly boldy. Häzir onuň ýeke bir islegi bardy, ol hem depesinden gamçy inderýän ýigrenji serkerdäni öldürmekdi. Ol başda hanjar atyp serkerdäni öldürmändigine puşeýman edýärdi, aňynda daýysy Tümen begiň pendi ýaňlandy: «Söweşde hiç wagt ikirjeňlenmeli däldir. Ikirjeňlenmek, edýän işiň soňy hakda oýlanmak, soňuny gaýgyrmak, dözümsizlik etmek – özüňi ölümiň, ganhoruň eline bermekdir. Özem aňyňda peýda bolan birinji pikire-duýga gulluk etgin, çünki birinji pikir ýüregiň pikiridir». Tümen begiň bu sözi öň adaty söz ýalydy, ýöne ol sözleriň nähili wajyp sözlerdigine bu gün, ýok, ýok, şu pursat Altynjan has oraşan düşündi. Daýysynyň pendini amal etmändigi üçinem ganhoruň pidasy bolmaly boldy.

Serkerde uranda men-men diýen ärlerem yza çydap bilmeýärdi, zaryn-zaryn bagyryp ugraýardy. Ýöne erkek kişileriň döz gelip bilmeýän urgusyna ýaş gyzyň döz gelmegi, sarsman durmasy ony haýrana goýdy. Iki gezek uransoň, serkerde gözlerine ynanman, gamçysyny barlap gördi. Öz-ä şol gaýyş gamçy!

Altynjan öňem häzirkisi deýin gamçynyň öňünde durupdy. Ýöne ony uran häzirki ýaly nätanyş däldi, mähriban kakasydy. Ol öň eden etmişi üçin urlupdy, hak urlupdy. Häzir nähak urulýar.

Nähak urgynyň awusy iki esse artyk bolar eken.

Altynjanda günä bolmasa näme?!

Bar günäsi öz ojagyny gorajak bolanlygymy?

Altynjan garşysyndaky wagşylardan herki zadyň çykjagyna ynandy.

Ol ölüme garaşýardy. Depesinden gamçynyň däl, gylyjyň inmegine garaşýardy. Sebäbi ol iki sany kynygy öldürdi ahyryn!

Altynjan eden işine – iki sany kynygy öldürendigine – Abdylmälik hanyň gyzy diýen ada mynasyp iş bitirendigine buýsandy.

Iki alamany öldürdi!

Iki alamany!

Wah, ol serkerdänem öldürjekdi, ýöne, arman, serkerde zor çykdy.

Zor eken!

Ony Allatagala gorady, ýogsam soňuny gaýgyrman elindäki hanjaryny zyňan bolsa, onda bu wagt serkerde sekiz görnüşli dowzahyň iň erbediniň işiginden säginmän içeri girip giderdi.

Altynjan öz-özüni gönertledi: «Näme üçin ol nejisi eliňdäki hanjaryňy atyp öldürmediň? Sen on ädimden islendik nokada hanjar urup bilýärdiň-ä? Näme üçin ony ýakynyňa getirdiň?! Hanjaryňy atmakdan – soňundan hanjarsyz galmakdan gorkduň! Daýyň pendini tutmadyň!»

Goşunyň serdary ölse, darkaş gutarýar. Serdary öldürilen tarap – ýeňlen tarap hasap edilýär. Men bu nejis alamany öldürip bilýärdim-ä! Tümen daýym hak aýdan eken: «Hiç wagt soňuňy gaýgy etme! Hiç wagt soňuň hakda pikir etme! Mydama heminzaman bilen ýaşa. Pikiriň bilen ýaşama, pikiriň bilen hereket etseň, betbagtçylyga uçrarsyň. Mydama duýgyň bilen, ýüregiň berýän salgysy bilen ýaşa! Iň dartgynly pursat süňňüňde, kalbyňda peýda bolýan duýgy, salgy – Allatagalanyňkydyr. Iň dartgynly pursat duýgynyň yzy bilen gelýän pikir – şeýtanyňkydyr!» – Altynjan ahmyr bilen hyrçyny dişläp, agzyny gara gan etdi. – Waweýla, ýeňip bilýärkäň, ýeňildiň, Altynjan! «Türgenleşiklerden ýadadym, hakyky darkaş isleýärin!» diýip, hut şu gün sabada aýtdyň. Allatagala saňa hakyky darkaşda özüňi görkezmäge şert döretdi. Sen Allanyň wekiline – bürgüde aryňy almaga daldaw dilediň. Alla maksadyňa ýetmegiň üçin daldaw döretdi. Sen bolsa, hanjarsyz galmakdan gorkup, döredilen daldawdan peýdalanyp bilmediň. Nesebiňi masgara etdiň!

Indi bary giç!

Indi nämä garaşýarlar?

Goý, alamanlar Abdylmälik hanyň gyzynyň nähili çydamlydygyny, nähili merdanadygyny, nädip ölýändigini görsünler.

Goý, alamanlar Abdylmälik hanyň gyzyny hernäçe sütem edilende-de, ejizledip bolmajagyna göz ýetirsinler! Goý, olar Altynjanda synmaz erkiň bardygyny bilsinler!

«Näçe gün ýaşan bolsa, Tümen daýysy deýin, öz adyna mynasyp bolup ýaşady» diýsinler.

Altynjan garaşmakdan ýadady:

– Eý, ganhor, öldür öldürjek bolsaň! – diýip, gazap bilen serkerdä seretdi. Görse, garşysyndaky serkerdäniň edýän işi wagşy bolsa-da, ýüz keşbi wagşyýana, hyrsyz däl, nazarkerde ol. Ýüzüne seredip bu kişi şeýle webal iş edýändir, alamandyr öýder ýaly däl, töründe oturyp, «Kulhulallany» okap oturjak ulama meňzeýär. Gör, onuň ýüz keşbi içki hapa dünýäsiniň üstüni örtýär.

– Men hatynyň akylyna etagat bolmaýaryn.

– Seniň ýaly ganhor bolandan hasy hatyn bolan hem müň mertebe gowudyr. Eger özüňi erkekdirin öýtseň, ynha, men, ýekme-ýeke çyk!

– Ýekme-ýeke diýdiňmi?
– Eý, kerrew, eger özüňi azda-kände mert, erkek saýýan bolsaň, maňa ýatagan ber. Soňam ýekme-ýeke çyk. Eger sen çöňňe bolsaň, goý, meniň garşyma araňyzdan gylyçlaşmaga iň ökdäňiz çyksyn.
– Byradarlar! Eşidýärsiňizmi bu altyn gyzyň diýýän sözlerini! Ýatagan beriň bu gyza!
– Sen ýaradar. Sen eýýäm ýarymjan mahluk. Meniň garşyma ýaradar däl, pählewan çyksyn.
– Adyň näme seniň? – Serkerdäniň sesi mylaýym çykdy.
– Merdumhorlar! Imansyzlar! Gedaýlar!
– Biz merdumhoram däl, gedaýam däl!
– Merdumhoram, gedaýam sizden ibalydyr! Gedaý sizden imanlydyr!
– Gapyl! Ýogsam şu ýatagan bilen kelläňi pyzlandyraryn häzir.
– Ýaragsyz biçäräni öldürmegi siz başararsyňyz. Elimde ýataganym bolan bolsa, bu wagta çenli kelläň aýagymyň aşagynda guma bulaşyp, gözlerini petredip ýatardy. Özüňi mert saýýan bolsaň, meniň bilen ýekme-ýeke çyk!
– Ine, şirigana dogum! – Serkerde Altynjana hyrydar göz bilen garady. – Ýönekeý gyz däl bu. Hakykatdanam soltan Mahmyt Gaznalydan pataly gyz bu. Dogumy soltanyňka meňzeýär. Altyn gyz, sen maňa ýaraýarsyň.
– Men welin, seni itden beter ýigrenýärin, öldür meni!
– Ýok, ýok, seniň ýaly merdanalar seýrek dogulýar. Seni öldürsem, Allatagalanyň öňünde günä iş etdigim bolar.
– Günä-sogaby bilýän mahluk bolsaň, bu ýere gelmezdiň.
– Adyňy aýt.
– Men saňa, heý-de, adymy aýdarynmy, nejis!
– Seniň bolşuňa synym oturýar...
Togrul beg nämedir bir zat aýtmakçydy, ýöne seljuk ýigitleri ýerli-ýerden seslendiler:
– Gideliň!
– Bu gyz biziň iki sany bigünä ýigidimizi – Tahyr bilen Batmany öldürdi. Biz bu ýere darkaş gurmak üçin gelmändig-ä.
– Hanyň gyzy akylyndan azaşypdyr.
– Guduzlan bolaýmasyn?!
– Hudaý saklasyn!
– Abdylmälik han bilen duşuşmasak bolmaz indi. Ýogsam ol bize ters düşüner. Kynyklar akyn etmäge, kelete etmäge gelipdir öýder. Eger häzir düşünişip gitmesek, onda ol soň biziň başymyzda kyýamat gopdurar, han gelýänçä garaşalyň!
– Togrul, gideli – diýip, ýaňy keselden turan ýaly hor, ige meňzeýän Peýkam atly kişi hem atynyň üstünden Togruly howlukdyrdy, ýöne Togrul howlugarly däldi. Ol Altynjandan gözüni aýyrman şindem seredip durdy. – Sen Abdylmälik hanyň ganjygyny haladyň öýdýärin. Isleseň, soň sawçylyga geläýeris.
– Ýok, ýok, maňa hatyn gerek däl – diýip, Togrul garşy çykdy. Soň Altynjana ýüzlendi: – Sen Abdylmälik hanyň gyzymy?
– Bu eden etmişiňiz jezasyz galar öýtmäň. Alty tarapa[3] gaçsaňyz hem taparys. Asmana uçsaňyz aýagyňyzdan, ýere girseňiz bokurdagyňyzdan tutarys. – Altynjanyň nazary ýene garşysyndaky serkerdä düşdi. Onuň döşünden ganyň şol bir akyp durşudy. Gan ýene biraz şeýdip aksa, serkerdede gan galmaly däldi. Ýöne ol özüniň öljekdigi barada pikirem edenokdy. Ýa ol Altynjanyň nebsi agyrar, ýarasyny sarap berer diýip pikir edýärmikä? Eger beýle pikir edýän bolsa, onda ol gaty ýalňyşýar.
– Baryň, baryň, gidiberiň, men häzir han bilen düşünişip, yzyňyzdan ýeterin – diýip, Togrul gapdalynda duran atlylara azgyryldy.
Sähel salymda alamanlar jesetleri atlaryna ýükläp, zut gitdi.
Altynjanyň ýanynda diňe Togrul galdy.
Bir owadan dor bedew gelip, tumşugy bilen Togrulyň egninden itdi. Togrul yzyna gaňrylyp seretdi, atyny görübem onuň boýnundan gujaklady.
– Altyngyrym, şu gyzy nähili görýärsiň? Gowumy? – diýip, Togrul ýuwaşja sorady.
Haýran galdyran zat: at Altynjany biraz synlady-da, soň eýesiniň pikirini unaýan dek, birki ýola başyny talawlatdy.
– Gördüňmi, altyn gyz, Altyngyrymyň näme diýýänini? Altyngyrym seni gowy gördi.
– Gümüňi çek, ýerçeken! Ýok bol!
– Men nirä gideýin?

– Gelen ýeriňe gümüňi çek!

– Meniň gelen ýerimde sen ýok. – Togrul beg birpaýyz dymyp, soň sözüni dowam etdirdi. – Sen gaty tekepbir gyz ekeniň. Hanyň gyzy agzyna näme gelse samrabermelidir öýdýärsiňmi? Sen maňa hapa söz aýtsaň, ertirki gün ökünmeli bolarsyň. Men hatynlar bilen gürleşmeýärin. Seniň bilen-de gürleşmek islemeýärin. Men Abdylmälik hanyň ýanyna geldim. Senem zenan sammyklygyňy edip, iki sany bigünä haşymy öldürdiň.

– Sen meniň Tümen daýymy öldürdiň. Sende meniň Tümen daýymyň ary bar...

– Men, ine, seniň şu sözüň üçin şu ýere geldim. Men seniň bu hakdaky habaryňy eşitdim. Gurhany-kerimden ant içýärin: men Arsahuşmisen şäheriniň häkimi Tahyr Afrasýabyň ogly Tümen begi öldürmedim. Men ol kişini ýeke gezegem görmedim. Ol kişi hakda ýeke gezegem eşitmedim. Asyl, biz Arsahuşmisene baramzok. Tümen beg diýilýän kişini kimiň öldürendigini-de men bilmeýärin. Tümen begi öldüren kişi meniň adyma duwlanypdyr. Zamahşara gelip, meniň Abdylmälik emire bar aýtjak sözüm şudy. Men alaman däl. Düşündiňmi?

Togrul beg bu sözleri şeýle bir ýürekden janygyp-odugyp aýtdy welin, ynanmazlyk asla mümkin däldi. Onuň bu sözlerinden soň Altynjan sesini çykarmady. Ýanyndaky atlylaryň gidenliginden, ganynyň akyp, güýjüniň azalanlygyndan peýdalanyp, Altynjan Togrul begiň üstüne hüjüm etmäge bar güýjüni jemläp, häzirlenip durdy, ýöne begiň janyndan syzdyryp aýdan sözleri ony oýa batyrdy: «Bu ýigrenji çynyny aýdýan bolaýmasyn?!»

* * *

Abdylmälik han atlylary bilen howla gelip girdi.

Şadranç müňbaşynyň haşymlary haýdan-haý Togrul begiň daşyna aýlandy. Onuň elini arkasyna daňdylar.

Togrul beg gelenler bilen gylyçlaşjagam bolmady, garşylygam görkezmedi. Garşylyksyz duran adamy gylyçlap öldürmegem erkeklikden däl. Şeýle bolansoň, serkerdäni öldürmediler.

Şadranç müňbaşy Altynjanyň ýanyna geldi:

– Melikäm, amanmysyň?

– Aladaňyz üçin taňryýalkasyn – diýip, Altynjan hykaratly tosaňlady. – Siz meni maksadyma ýetirdiňiz.

– Dogry, dogry. Sen Togrul Seljuklynyň tutulyp getirilmegini islediň. Ynha, onuň özi geldi.

– Siz uly iş etdiňiz: ýumşumy bitirdiňiz. Men size başda äht eden dinarymy bererin.

– Siz onça dinary nireden tapjak?

– Muny näme üçin soraýarsyňyz?! Babam: «Sora!» diýdimi?!

– Maňa hiç zat gerek däl, melikäm.

– Meniň öňünden beren iki düwünçegimi näme etdiňiz?

Şadranç bu sowala garaşman eken, näme jogap berjegini bilmän, esli salym dymdy. Altynjan sowalyny ýene gaýtalady.

– Melikäm, düwünçekleri siz maňa berdiňiz. Olary näme edendigimi menden soramaň.

Altynjan Şadranç müňbaşynyň asla garaşmadyk ikinji sowalyny berdi:

– Siziň ogluňyz barmy?

– Oglummy? Bar. Üç oglum bar.

– Iň kiçisi näçe ýaşynda?

– On ýedi.

– Ömür bir gezek berilýär. Allanyň beren bu ömrüni arassa, hiç kime ýamanlyk etmän ýaşamaly, ýüzüňe eden etmişiňi aýdýan bolsalar, onda ol ömre ömür diýip bolmaz.

Şadranç Altynjanyň özünden göwnüniň galandygyna dü-şündi. Nämeden? Bu hakda oýlanmaga pursat bolmady.

Altynjan oňa Togrulyň biline gysdyrylgy gamçyny getirip bermegini tabşyrdy. Şadranç ýumşy bitirdi. Şondan soň Altynjan gamçyny elinde oýnadyp, şindem döşünden gan akýan Togrul begiň ýanyna bardy. Ol begiň depesinden şuwladyp gamçy indermekçidi, ýöne bolmady: urmak üçin elini ýokary galdyranda onuň nazary serkerdäniň gözlerine düşdi.

Eý-ho!..

Serkerdäniň gözlerine ýakyndan sereden Altynjan jadylanan dek doňdy galdy. Ol gözler adaty gözler däldi. Ol gözlerde özüne tabyn ediji hökümdarlyk bardy. Ol gözler sustuňy basýardy.

Henize-şu güne çenli Altynjanyň hiç kimden susty basylmandy.

Ömründe ilkinji gezek onuň susty basyldy!
Ilkinji gezek!
Ol gamçysyny biygtyýar aşak goýberdi, hyrçyny dişläp, haremhanasyna ugrady.
Togrul beg Altynjana buýsançly bakdy:
– Eý, mäkimiýan horaz, men seniň daýyňy öldürmedim. Meniň kastyma çykmaňy bes et! Düşnüklimi?
Haşymlaryň biri Togrulyň üstüne gygyrdy:
– Düş öňe!
– Elbetde, öňe düşerin, eýsem, seniň ýaly pohly haşymyň yzyndan ýörärinmi men?!.

**Sekizinji hekaýat**

## DURMUŞ – GIZLENPEÇEK: GIZLENÝÄN – ZENAN, AGTARÝAN – ERKEK KIŞI

Kynyk begleri sawçylyga gelýär!
Mansur derbanlaryň bu habaryny Abdylmälik hana ýetirdi. Han göwünli-göwünsiz ýerinden turup, üst-başyny tertibe saldy. Desterhança saçak ýazmagy tabşyrdy, soňam: «Gelenleri nähili garşylamaly? Daşary çykyp garşylamalymy ýa oturan ýerimde garşylamalymy? Gelenler näçe adamka? Bar gelen ýigrimi töwerek bolsa, onda oturan ýerimden garşylaýyn, eger gelen ýigrimiden köp bolsa, onda howla çykyp garşylaýyn» diýip, içini gepletdi.
Daşarda on sany atly göründi. Atlylaryň sanynyň azdygyna Abdylmälik hanyň göwni galdy. «Bar gelen on sany atly boljak bolsa, onda men olary oturan ýerimde garşylaýyn» diýip ol netijä geldi, gapydan jyklap durşuna gelenleriň özüne tarap ýöräp ugraryna garaşdy, ýöne olar gaýdybermediler. «Mansur olary näme üçin alyp gelmeýärkä? Gelenler atlaryndan düşüp serasima bolup durlar. Ýa olar meniň ýanlaryna bararyma garaşýarmykalar? Goý, olaryň özleri ýanyma gelsinler» Abdylmälik han Mansuryň yzyndan ferraşyny[1] ugratdy.
– Olar näme üçin gelenok?
Ferraş habar getirdi:
– Olar Musa atly kethudalarynyň gelerine garaşýarlar.
Bu habary eşiden Abdylmälik han biraz rahatlandy.
– Olar köplük ýaly-la?!
Abdylmälik han gymmatbaha perejini[2] ýelbegeý atynyp, howla çykdy. Onuň ýanynda Şadranç müňbaşy bilen bäş-alty sany serkerdesi bardy.
On-on bäş sany atly geldi.
Ýiti ses howluda ýaňlandy:
– Baýgu Kelan öz kynyk begleri bilen Abdylmälik emiriň dergähine sawçylyga gelýär!
Bu sözleri dikine zowladan şilliň uzyn kişidi. Sesi biçak ýitidi hem biçak çaslydy, gulagyňy deşim-deşim edip barýardy. Bilal neressäniň[3] sesem şu kişiniňkiçe ýa bolandyr ýa bolan däldir. Aý, ýok, bolan däldir! Uly bir şäheriň ilatyna habar ýetirmeli ýa muezzinçilik etmeli bolsa, bu şilliň uzyn kişi aňryýany bilen oňarjak. Bu kişiniň sesi şäheriň diňe bir dört künjüne däl, golaý-goltumlaryndaky obalaryna-da kemsiz ýetjek. Älhepus, Allatagala bendesini islän zady bilenem aňk edýär. Ol şilliň uzyn kişi durşy bilen ses bolaýanda-da ondan onça ses çykmaly däl, ýöne, görüň, çykyp dur, onuň sesi Abdylmälik hanyň gulagyny deşere getirdi. Han öz-özüne sowal berdi: «Jarçy nämä gerek?»
Gelenler äwmän-telesmän atdan düşmäge durdular.
Abdylmälik han gelenleriň içinden Baýgu Kelany – Musa begi agtardy:
«Gelenleriň haýsy birikä ol?»
Gelenleriň özüne bakan ýöräp ugraryna garaşdy. Ýok, gelenler oňa ünsem berenoklar. Hakyt şeýle: oňa göwünli-göwünsiz göz aýlap, soňundan seretjegem bolanoklar. Olaryň bolşy bu howluda han hiç kim ýaly. Özüne pisint edilmezligi emiriň myrryhyny getirdi. Olar kimdir birine garaşýarlar. Özem emiriň howlusynda. Gelenleriň ählisi yhlasly. Nyzama düzülýärler. Soňky gelenler öňki gelenleriň gapdalyndan nyzama düzüldiler.

Kynyk ýigitleri adam geçer ýaly bäş-alty ädim aralykdan biri-birine bakyşyp iki hatar durup, janly däliz döretdiler. Megerem, Musa begi biri-birine bakyşyp duran nyzamyň – janly däliziň ortasyndan ýöretmekçidirler.

At toýnaklary ýer sarsdyryp ugrady.

Şilliň uzyn kişi ýer sarsgynyny goşalandyryp yzly-yzyna gygyrdy:

– Musa beg kynyk kethudalary bilen Abdylmälik hanyň dergähine sawçylyga gelýär!

Şilliň uzyn jarçynyň çeken jaryndan soň kyrk-elli sany atly geldi.

«Baý-ba, «sawçylyga» diýip, ähli kynyk gaýdyberipdir-ow» diýip, Abdylmälik han başyny ýaýkady.

Bu saparky gelenler biçak howlukmaçdylar: atlaryndan böküp düşüp, öz aralarynda nämedir bir zady maslahatlaşýardylar. Hana, bir daýaw kişi ýanyndakylara tabşyryklar berýär, megerem, şol kişi Baýgu Kelan diýilýändir. Tüweleme, ol kişä Allatagala göwre-hä berip bilipdir. Kelan diýseň kelan – daýaw, deşli eken! Ata münende aýagy ýere degýändir onuň. Hana, ol kişi Mansur bilen gürleşýär, häzir Mansur olary hanyň ýanyna alyp geler.

Emiriň pikir edişi ýaly bolmady: gelen kyrk-elli kişi öňki nyzama duranlaryň gapdalyndan hatara düzüldi.

Olaryň hatary howlynyň ortasyna ýetdi. Hana, derweze bilen Abdylmälik hanyň duran ýerinde janly däliz döredi. Gelenler iki hatar nyzama goşuldylar.

Ýene at toýnaklarynyň dükürdileri eşidildi.

Howla bäş sany atly serkerde girdi.

Ylgap baryp olaryň atlaryny sakladylar. Uzyn jarçy: «Musa beg!» diýip gygyrdy. Şondan soň nyzama duranlar jem bolup, uzyn jarçynyň sözüni gaýtaladylar:

– Musa beg!

– Musa ýabgu!

«Bu gelen bäş kişiniň bäşisem serkerde bolmaly» diýip, Abdylmälik han içini gepletdi. Haýran galaýmaly, ählisi saý kişiler. Içinde gysga boýlusy ýok bularyň. Ählisi depäňden seredip duran uzyn boýly, süňňi iri kişiler.

Gelen bäş kişi Mansur bilen gadyrly salamlaşdy, soňam Abdylmälik hana bakan ugrady. Abdylmälik han olara bakan gadam urdy. Çünki bu gelenleriň arasynda Musa begiň bardygy oňa aýandy. Haýsysynyň ýabgudygynyň bolsa, dogrusy, oňa parhy ýokdy.

Bäş kişi Abdylmälik hana edep bilen baş atyp, salam berdi.

Abdylmälik han agraslyk bilen olaryň salamyny aldy.

Bäş kişi hana bakan uzaýan hataryň soňuna baryp saklandylar.

Şeýle bolansoň han olaryň ýanyna bardy, olar bilen ýekän-ýekän gadyrly salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy.

Mansur ylgap gelip, bu bäş kişiniň içinde Musa begiň ýokdugyny aýtdy. Ýöne nyzama duranlaryň: «Musa beg gelýär», «Musa beg gelýär!» diýip gygyryşmalaryndan ýaňa, onuň aýdan soňky sözi eşidilmän galdy.

Abdylmälik han bäşiň içinde Musa begiň ýokdugyny eşidip, oňaýsyz ýagdaýda yzyna öwrüldi. Dalana baryp aýak çekdi. Onuň öz-özüne gahary geldi. Anyk nämä gaharynyň gelýändigini özem bilenokdy. Musa begiň gelmän, adamlarynyň tapgyr-tapgyr gelip durany üçin gaharlanýarmy ýa «Haýsyňyz Musa?» diýip soranda kynyk begleriniň jogap bermändigi üçin gaharlanýarmy – muny han anyk bilmedi.

Han: «Bular sawçylyga däl-de, uly bir dabara geçirmäge gelýärlermikä bu ýere? Dabaralaryny, goý, başga ýerde geçirsinler, men mundan artyk garaşmaýyn, herki zadyň çeni bar, çaky bar» diýip, içini gepletdi, içeri girmek üçin gapa bakan ýöneldi, ýöne düşnüksiz güýç ony saklady. Kynyk begleriniň bu boluşlary, dogrusy, hany hopukdyrdy, demini gysdyrdy. «Musa diýilýän özüni Masutdanam ýokary tutýar-ow. Meniň howumy basmak üçin bularyň edip ýören hokgalaryny gör. Ýeri, men bir samsygyň masgarabazlygyna sary-sadylla bolup seredip durmalymy? Men tümenbaşy, han. Men Harun Altyndaşyň, has anygy, soltan Masut Gaznalynyň hany. Meniň ygtyýarymda on müň, hawa, hawa, on müň atly bar. Bu günem soltan Masut Gaznalynyň tümenbaşysynyň öňünde atlysy bir müňüň asty-üsti bolan, ondan-oňa göçüp-gonup ýören, baran ýerinden kowulýan, hawa, baran ýerinden kowulýan bir oýnam jemagatyň kethudasy özüni ýabgu[4] atlandyrýar, özüni hanlar hany, ýabgular ýabgusy görkezjek bolýar, meni aňk etjek bolýar. Ýabgu unwanyny götermäge utanmaýar».

Emir dergazap bolup kynyklara bakan ýöräp ugrady. Bäş-alty ädimden soň onuň nazary haremhananyň şahnişininden ýylgyrjaklap garap duran gyzy Altynjana düşdi, sakga saklandy. Han ikinji gezek oňaýsyz

ahwala düşdi. Dogrusy, nyzamda duranlaryň ençemesi hanyň haýbatly gelşini görüp, hatarlaryny bozup, derwezä bakan gaçmaga häzirlenipdiler.

Abdylmälik hany düşen oňaýsyz ýagdaýyndan halas etmek islän ýaly, at toýnaklarynyň dükürdileri ýene ýer sarsdyryp ugrady.

Bu gezekki gelenler kyrk-elliden hem köpdi.

– Musa beg!

– Dawut beg!

– Resultegin beg!

– Ybraýym beg!

– Hasan beg!

– Nasyr beg!

Kynyk ýigitleri bäş kişiniň adyny tutup, bäş-alty gezek gaýtaladylar. Aý, ýok, bäş-altydan hem köp gaýtalandy.

Hana, bezemen-bezemen japy ýigitler!

Özlerem kileň murtly!

Özlerem kileň uzyn saçly. Saçlary eginlerine dökülip dur olaryň.

Özlerem uçdantutma uzyn boýly, deşli, arjanak gerçekler!

Her tapgyryň adamlarynyň öz egin-eşigi bar: öňki gelen tapgyrdaky gerçekleriň eşigi bilen soňkularyň egin-eşiklerinde parh bar. Hiç bolmanda gylyç dakynyşlarynda parh bar. Soňky gelenleriň ählisiniň billerindäki gylyçlardan başga guşaklaryna gysdyrylan, sapy şirmaýydan ýasalan hanjarlar, gamçylaryň hem birmeňzeş. Gylyçdyr hanjarlaryň durşy, gamçylaryň tirme guşaga gysdyrylyşy hem birmeňzeş. Özlerem biri-birine juda meňzeş olar.

Emiriň tyzlaýandygyny aňan ýaly, olar salamlyga bakan toparlanyşyp ýöräp ugradylar. Hana, olaryň öňüne düşüp gelýän-ä hakyt ýesir düşen Togrul bilen bir almany iki bölen dek meňzeş. Diňe ol däl, onuň iki gapdalyndaky gerçeklerem meňzeş. Olaram Togrulyň doganlary bolsa gerek.

Eý, Hudaýa hudawende, «sawçylyga» gitmeli diýse, kynyklaryň ählisi eňäýen bolmaly Zamahşara sary. Syrgynlarynda erkek göbekli galan däl bolsa gerek. Eý-ho! Eý, Hudaý, olaryň-a ählijesem gelýär.

Abdylmälik han derwezeden çykyp barýan Mansury görüp geňirgendi. Eý, Hudaý, ol bu mahal näme iş edýärkän? Mansur myhman gelen çagy hanyň ýakynynda bolmaly ahyryn! Gör-ä, häzir emiriň ýanynda bäş-alty serkerde bilen Şandranç müňbaşydan başga hiç kim ýok. Haldan ferraşam ýok, ýogsam olam hanyň ýanyndan aýrylman «Näme ýumuş bar?» diýip ýumşa mähetdel bolar durardy. Ýaňydan bäri Haldanam ýetişiksiz günde. Ol hem nirädir bir ýere gidýär-gelýär. Ýaňy Haldan birtopar aýaly yzyna tirkäp haremhana eltdi. Olar näme etjek bolýarkalar?! Ýa Altynjan: «Meni şu gün äkiderler» öýdüp, taýýarlyk görýärmikä?! Hana, Mansur yzyna iki sany aýaly tirkäp dolandy. Olara bir zady-ha düşündirýär ol. Altynjan bir hokga çykarjak bolýan bolaýmasyn?! Şeýledir, ol nämedir bir hyýala münendir. Bir hokga tapmasa, ol rahatlanmaz! Hokgasyz bolsa onda oňa «Altynjan» diýiljekmi diýsene! Ýok, ýok, Mansur bilen Haldana kynyk begleri ýumuş tabşyrdy. Ikisem kynyklar bilen gürleşenden soň gorsaň-gozgalaň tapyp ugrady. Belki, olara nagara gerekdir?!

Abdylmälik han derwezäniň ýanyndan özüne bakan gaýdan kynyklary gaşlaryny bürüşdirip synlamaga durdy.

Musa beg diýilýän Togrulyň agasy bolmaly. Togrulyň kakasy ir ýogalypdyr. «Iki dogan – Dawut Çagry bilen Muhammet Togruly atasy Seljuk beg terbiýeläpdir» diýip Abdylmälik hana aýdypdylar. Seljuklylar hakda, aýratyn hem Muhammet Togrul hakda has düýpli bilmek üçin Abdylmälik han Buhara ýörite adam ugradypdy. Ugradan adamy ýigrimi günüň içinde seljuklylar, Muhammediň Togrul, dogany Dawudyň Çagry diýen oguz adyny hünär görkezip almagy başarandygy hem olaryň edim-gylymlary, ýaşaýyşlary hakda maglumat getiripdi.

Abdylmälik hana bakan gelýän topar birden ikä bölündi: toparyň üçden iki bölegi nyzama düzüldi, galan bir bölegi bolsa howlynyň ortasynda saklandy.

Abdylmälik han topar bolup duran kişileriň öz ýanyna gelerine garaşdy. Ýok, olar hanyň ýanyna geljek bolanok, asyl hana ünsem berenoklar, seredenoklaram.

– Musa beg diýýäniňiz ýene gelmedimi? – diýip, Abdylmälik han gaşlaryny bürüşdirdi.

Ähli nyzamda duranlaryň nazary Abdylmälik hana gönükdi, ýöne hanyň sowaly jogapsyz galdy.

Ine, derwezeden dalana – emiriň duran ýerine çenli aralykda kynyk ýigitleri janly däliz döretdiler.

Musa beg derwezäniň ýanyndan dalana çenli aralygy janly däliziň içinden ýöräp geçip gelmelidir. Iki tarapy hem adam bolar.

Owadan görünýär!
Abdylmälik han haşşyldady. Munça adam barka içeri girmegem gelşiksiz gördi. Garaşmagam kiçilik bildi.
– Seljuk ýabgusy Musa beg gelýär!
Bir seljukly-ha geldi.
Özem ýeke geldi.
Lowurdap duran dor bedewiň üstünde sarsman otyr ol.
Onuň atyny sakladylar.
Soňky gelen kişi topar bolup duranlar bilen birin-birin salamlaşyp çykdy. Gülüşýärlerem. Keýpleri çag-çag olaryň. Abdylmälik hanyň garaşmakdan ýaňa sabyr käsesiniň pürepür bolandygyndan habarla meňzänok olar. Gaty arkaýyn olar. Agnap-dönüşleri myhman bolup gelene meňzänok. Öz öýlerine gelen ýaly olar.
Öz-ä ahyryl-ahyr ýöräp ugradylar.
Öňde Musa beg, (belki, Musa beg däldir, ynam bilen aýdar ýaly däl!) yzynda-da dört-bäş adam.
Gelýär olar.
Iki tarapyndaky kynyklar bilen baş atyp salamlaşyp gelýärler. Käsi bilen-ä durup gürleşýärlerem. «Gürleşjek, salamlaşjak bolsaň, äl, öz öýüňde wagt bolan däldir-ow saňa. Hökman meniň howlyma gelip salamlaşmalysyň-ow, gürleşmelisiň-ow sen» diýip, emir özbaşyna hüňürdedi.
Abdylmälik han öňden gelýän Musa begi (goý, ol Musa beg bolsun-da hernä!) içgin synlady. Onuň geýnişi özgeleriňkiden parhly. Başynda peşi ýok. Uzyn saçy Muhammet pygamberiňki ýaly eginlerine dökülip dur. Saçlarynyň ýüzüne dökülmezligi üçin başyna tylla çyzmyk geýipdir. Ol çyzmyk däl-de, jyga bolaýmasyn?! Bolsa bolar. Lowurdab-a dur. «Gedem kişi bolmaly – diýip, emir Musa bege (has takygy, Musa begdir diýip çak edýän kişisine) öz ýanyndan baha berdi. – Şöhrat başyny aýlapdyr. Saçyny Muhammet pygamberiňki ýaly uzyn goýberip, başyna altyn jyga geýmegi: «Özüme göwnüm ýetýär, edenimi edýärin» diýdigi bolmaly onuň. Eňegine äňet! Eňegi başga kişileriňkiden görnetin uzyndyr. Uzyn eňek diňe gopbam kişilerde bolýar. Onsoňam uzyn eňek açgözlükden, doýmaz-dolmazlykdan nyşan».
Musa beg janly däliziň ýakynyna geldi-de, hana bakyp, şelaýyn ýylgyryş bilen baş atdy, soňam ony tanamadyk deýin yzyna öwrüldi, töweregine garanjaklap, derwezä bakan ugrady.
– Musa beg, men bärde! – diýip, Abdylmälik han gygyrdy.
Nyzamda duranlaryň biri ýuwaşja gürledi:
– Ol Musa ýabgu däl!
Bu habara Abdylmälik han serpmeden gaýdan ýaly boldy:
– Onda kim ol?!
– Ol Peýkam beg – Togrulyň daýysy.
– Hany onda Musa ýabgu diýýäniňiz? Hany?!
Hanyň bu sowalyna hiç kim jogap bermedi.
«Peýkam beg» atlandyrylan başy altyn jygaly kişi atyna münüp, hil bir iş goparan dek zut gitdi.
Ol gidensoň howla üsti ýükli düýeler gelip ugrady.
Bir düýe, iki düýe...
Köp olar!
Düýeleri idip, howla getirip çökerdiler. Her kimiň öz etmeli işi bar. Biri düýeleri çökerýär, başga biri düýeleriň ýükleriniň ýüplerini çözýär, biri ýükleri dalanyň öňüne daşaýar.
Barat Alçak diýlen agyr ýüzli, ämert kişi haýsy zady nirede goýmalydygyny görkezýär.
Sähel salymyň içinde Abdylmälik hanyň giň howlusy gyzan bazara döndi.
Ýigrimi düýe ýük.
Ýükleri düşürilen düýeleri howludan alyp çykdylar. Abdylmälik han ýalňyşan eken: seljuklylaryň biri-birine bakyşyp döreden janly dälizi Musa begiň dabaraly ýöriş bilen Abdylmälik hanyň ýanyna gelmegi üçin edilmän eken: düýelerden düşürilen ýükleri – Altynjanyň mahýasyny[5] Abdylmälik hanyň ýanyna dabaraly görnüşde getirmek üçin edilen eken.
Mahýany janly däliziň içi bilen hanyň gapdalyna çekip ugradylar. Sähel salymda hanyň iki gapdaly seljuklylaryň getiren hedýe-engamlaryndan depe boldy.
Emiriň nazary getirilen zatlaryň içindäki iki sany kiçeňräk sandykda saklandy. Ol sandyklar altyn-kümüş saklamak üçin ulanylýar. «Seljuk begleri bu iki sandykda Altynjanyň mahýasy diýip altyn-kümüş getiräýdilermikä? Şeýledir-le. Bularyň içi gyzyldan doly bolsa, onda bularyň Altynjana goýýan hormaty gaty ýokary».

Abdylmälik hanyň içki pikirini aňan bolsalar gerek, Barat Alçak diýlen ämert kişi gelip, sandyklaryň ikisinem açyp gitdi.

Sandyklar gymmatbaha daşlardan, altyndyr göwherlerden doly eken!

Abdylmälik han sag tarapynda depe edilip goýlan zatlara göz aýlady. Gymmatbaha matalar, donlar, abalar, çuhalar, ýüň matalar depe bolup ýatyrdy. Onuň aňyrsynda her dürli nogul-nabatlardan doldurylan sebetler giden meýdany tutupdyr. Bu dürli-dürli gap-gaçlar Çyn-Maçyndan getirilen bolsa gerek, Horezminde, Mawerannahrda ýasalan zatlar-a däl bular.

Abdylmälik hanyň sol tarapynda owadan-owadan Gunduz halylary depe bolup ýatyrdy. Olaryň aňyrsyndaky iki üýşmegiň nämedigini emir anyklap bilmedi, çünki olar birmeňzeş haltalardy.

* * *

Täze tomaşa başlandy: ýük getiren düýeleriň çykyp gidenine onçakly köp wagt geçip-geçmänkä howla iki örküçli düýeler gelip ugrady. Düýeleriň her biriniň üstünde owadandan-owadan kejebeler bardy, kejebeleriň üstünde bolsa zenanlar otyrdy.

Zenanlar kejebelerden düşüp, uzyn bir hatar bolup durdular. Olaryň her biriniň elinde gymmatbaha atlaz, ýüpek matalardan tikilen, aýal maşgala niýetlenen lybaslar bardy. Ol lybaslar-geýimler Altynjana niýetlenilip tikilen bolmaly.

Abdylmälik han üçin seljuk begleriniň sawçylyga gelişleriniň başy içgysdyryjy görnüpdi, ýöne ol kem-kem şüweleň alyp ugrady. Özem olar sustuňy basýar. Seljuklylaryň sarsman hataran duruşlarynda resmi dabaralylyk bar.

Hany haýrana salýan zatlar yzly-yzyna bolup durdy.

Hany owalan janly däliz geň galdyran bolsa, indi kejebeli zenanlaryň herdürli lybaslary ellerinde göterip, nyzama düzülip duruşlary geň galdyrdy. Ol erkek kişileriň nyzama duruşlaryna seredip öwrenişip gidipdi, ýöne ol zenanlaryň nyzama düzülen ýerine heniz gabat gelmändi. Özem ol nyzam ýöne-möne nyzam däldi. Hana, saltman zenanlar iki hatara düzülipdirler. Ol hataryň sag tarapdaky zenanlaryň başlaryna atylan ýapynjasy gyrmyzy, eşikleri kileň ýaşyldy. Çep tarapdaky zenanlar boýdan-başa al geýnipdirler. Olaryň hokgalaryna çenli aldy, eginlerindäki geýimleri birmeňzeş al atlazdy, şeýlebir ýalkym saçýardy.

Zenanlar nyzama düzülenlerinden soň kejebeli düýeler howludan çykyp gitdi. Olaryň iň soňkusy çykandan soň howla kernaýdyr surnaýly, dumbelekli, raddyr nagraly sazandalar gelip ugrady, olar ikä bölünip, derwezäniň sagynda hem solunda nyzama düzüldiler.

Sazandalar saz çalyp öz ýerlerine geçenlerinden soň, howla iki hatar bolup otuz-kyrk sany tapbala[6] geldi. Tapbalalaryň ählisem on alty-on ýedi ýaşlaryndaky bugdaýreňk, inçesagt, birmeňzeş gyzlardy, özlerem birmeňzeş al geýnipdirler. Ählisinden gözüňi aýrasyň gelenok. Olar hem derwezäniň sagyna, soluna bölünip, sazandalaryň öňünde aýratyn bir hataran bolup durdular.

Birden dym-dyrslyk boldy. Şeýle dym-dyrslyklarda owadan gyzlar dünýä inýär diýýärler. Howludaky ähli zenanlar dünýä inende, megerem, edil häzirki ýaly dym-dyrslyk bolan bolsa gerek.

Abdylmälik han indi owalandaky ýaly daryganokdy, sabyrlylyk hem gyzyklanma bilen mundan beýläk närneleriň bolaryna garaşýardy.

Nogul-nabatlaryň üstünde wazzyldaşýan siňekleriň sesi bolaýmasa başga ses ýokdy.

Howlynyň içi adamdan doly welin, şonda-da hiç kimden ses çykanok.

Horazlar gygyrmakçy bolanlarynda Asmana seredip gygyrýarlar. Şagallar asmana bakyp uwlaýarlar. Mahlasy, dürrendeler hem perrendeler gygyrmakçy bolanlarynda Asmana bakýarlar. Megerem, sesiň, çakylygyň Taňrysy Asmanda bolarly. Hana, seljuk begleri bilen gelen şilliň uzyn jarçy hem Asmana bakyp ýene dikine gygyrýar:

– Musa beg gelýär!

Musa begiň ýigitleri şindem butnaman durlar. Olar birden gygyrdylar:

– Musa beg gelýär!

Howla iki sany al saý atly girdi. Olaryň biri ýaňy gelip, janly däliziň içinden ýörän, başy altyn jygaly Peýkam beg diýlen hor, uzyn kişi. Onuň ýanyndaky peşeneli ýigidiň boýy hem gysga däldi, hereketleri agrasdy, ýanyndaky ýigit ýaly çalasyn hereket edenokdy. Peşeneli kişi başy altyn jygaly Peýkamyň öňüne düşüp, janly däliziň içi bilen ýöräp ugrady.

Abdylmälik han Musa baýgunyň gelendigine ynanyp bilenokdy. Dogrusy, ynanmakdan çekinýärdi. Sebäbi indi ýalňyşmak islänokdy. Ol-a gelen beg bilen salamlaşsa, salamlaşany hem Musa beg däl bolsa, ana, şonda nätjek?! Öz-ä, bu sapar Musa beg gelen bolarly, ol göni ýöräp gelýär!

– Ahyr gelipdir-ow! – diýip, Abdylmälik han ýeňil dem aldy, özüne bakan göni gelýän begi içgin synlady. Onuň gadam urşy, dogrudanam, begiň gadam urşy, özüne göwnüniň ýetýändigi görnüp dur.

Abdylmälik han ardynjyrady. Elleşip, gadyrly salamlaşdylar.

– Sag-aman geldiňizmi? – diýip, Abdylmälik han ýylgyrasy gelmese-de, özüne zor salyp, çala ýylgyrjaklady.

– Aýyplaşmaweriň, sizi garaşdyrdyk...

– Aýby ýok, aýby ýok.

– Biraz öňräk geljekdik, ýöne engam-hedýe isleglerimizi doly ýerbe-ýer edýänçäk wagt geçdi.

– Dabarany uludan tutupsyňyz, munça dabara, munça endişe etmeseňizem bolardy.

– Ähli zady Togrulyň islegine görä etdik.

Han ýene sypaýyçylykly sözledi:

– Geljegiňizi öňünden aýdan bolsaňyz, taýýarlyk görerdik...

– Sizi biynjalyk etmezlik üçin, biz ähli zadyň taýýarlygyny görüp geldik.

– Ähli zadyň taýýarlygyny? – Abdylmälik han myhmantama bakan elini öndedi: – Hany, geliň, geçiň, içeri giriberiň!

– Musa beg gelýänçä garaşaýaly.

Bu söz Abdylmälik hany aňka-taňka etdi:

– Sen Musa beg dälmi?

– Ýok, men Musa beg däl. Meniň adym Bekdaş Rudbary. Men Togrulyň daýysy, enesiniň dogany.

– Ýaňy başga bir ýigide Togrulyň daýysy diýdiler.

– Ol Peýkamdyr. Peýkam – meniň süýtdeş inim.

– Musa beg şindem ýok diýsene.

– Musa beg häzir howlyňyza girer – diýip, Bekdaş Rudbary yza çekildi. Soňam olaryň her biri dalanyň gapdalyna – janly däliziň bir tarapyna geçip durdy. Peşeneli kişiniň Musa beg däldigine Abdylmälik han gynandy. Sebäp ol peşeneli kişiniň Musa begdigine biçak ynanypdy. Ynamyňda aldanmak agyr degýär. Aldanmagyň gowusy barmy näme!

Janly dälizi döredip duran gerçekler, şol sanda peşeneli beg bilen uzyn saçly uzyn beg hem batly gygyrdy:

– Musa beg!

Abdylmälik hanyň ýakynynda duranlar kanagatlanma bilen dillendiler:

– Musa beg geldi!

– Geldi!

Howla birmeňzeş dor atly bäş sany kişi geldi. Bäşiň birini han şobada tanady: ol Hasan beg.

Hasan beg mundan üç aý  öň hanyň ýeg razdarlary Gazanpar Tak hem Janahyr Geçdeki dagy bilen osmakçy bolup gelipdi. Şonda olar ýazylyp-ýaýrap oturypdylar.

Hasany hanyň sulhy alypdy, çünki ol alçak, şadyýan kişi eken. Şüweleňli, gülküli gürrüňleri bilen oturanlaryň göwünlerini awlapdy. Ol saz çalyp, aýdym hem aýdypdy.

Hasan Musa Ýabgunyň uly ogly bolmaly.

Abdylmälik han peşeneli Bekdaş Rudbara ýüzlendi:

– Musa beg gelenleriň haýsysy?

Bekdaş Rudbary biraz garaşdyryp jogap berdi:

– Iň soňky atdan düşen Musa beg! Oňa Baýgu Kelan diýseňiz hem bolar.

Bäş kişi häliden bäri topar bolup duran adamlar bilen duşuşdylar. Birpaýyz nämedir bir zadyň gürrüňini edenlerinden soň, Musa beg janly däliziň içi bilen Abdylmälik hana bakan keremara ýöräp ugrady.

Abdylmälik han Musa begi synlamaga durdy.

Musa beg ýaşy durugşan, sakgalyna gyraw sepilen ýaly, deşli adamdy. Ýöreýşi dikdi, ynamlydy. Çep çekgesinde tyg yzy ýalbyrap görünýärdi. Seljuklylaryň arasynda kelte boýly ýeke-täk adam – Musa begdi. Han ony synlap, islän, has dogrusy, garaşan serkerdelik alamatlaryny, keşmerini görmedi.

Abdylmälik han häzir gözüniň görýän zatlaryna akyl ýetirip bilenokdy. Ine, hanyň ýanyna gelýän kişi bary-ýogy bir jemagatyň begi. Abdylmälik hanyň ygtyýarynda bolsa Musa ýaly begleriň, seljuklaryňky deýin jemagatlaryň onlarçasy bar. Ýöne, gör, bir jemagatyň begi  ýedi yklymyň soltany ýaly bolup gelýär. Gör, ol özüne nähili hormat goýdurýar,  oturan ýeri külüň üsti bolsa-da, özüni  uja Hindiguş dagynyň depesinde duýýar. Eý, Hudaý, özüň gowusyny et! Şu güne çenli ýalkadyň, galan ömrümde-de metdi-masgara etme meni, eý, Biribar!

Herhal, Musa beg köpi gören kişidigini etdi: gelip, Abdylmälik hanyň öňünde tagzym etdi.

Şuňa-da şükür!

Olar gara gadyr bolup saglyk-amanlyk soraşdylar. Saglyk-amanlykdan soň, Musa beg esasy gürrüňe geçdi:

– Merhemetli Abdylmälik han! Biziň atamyza Seljuk Dukak diýerdiler. Seljuk Dukak Beýik Oguz şalygynyň şasy Baýgunyň sübaşysydy. Biziň ganymyz sap beg gany. Biz Oguz hanyň agtygy kynyklardandyrys, üçoklardandyrys, sol goluň kowumlarydyrys. Biz Oguz hanyň körpe ogly Deňiz hanyň, körpe agtygy Kynyk hanyň neberesidiris. Özüňiz bilýärsiňiz, türkmende körpe ogul mirasdüşer hasaplanýar. Biziň eşidişimize görä, siz Oguz hanyň uly ogly Gün hanyň neberesi ekeniňiz. Siz Gaýalardan, diýmek, siz gaznalylar hanedanlygy deýin Gün hanyň uly ogly Gaýadan gaýdýarsyňyz. Siz Bozoklardan ekeniňiz, sag goluň kowumlaryndan ekeniňiz. Siz Oguzyň başy, biz soňy, çünki biz körpe agtyk. Siz hem biz ýaly sap arassa ganly begzada nesebinden. Kynyk bilen Gaýa bir atadan dörän! Size ullakan hormatymyz bar. Şalykda hem, il-günüň arasynda hem ullakan hormat-sylagyňyz bar. Meniň mus-mus diýip, näme aýtjak bolýandygymy özüňizem bilýärsiňiz, Abdylmälik han. Meniň inim Muhammet Togrul är ýigitdir, merdanadyr, batyrdyr, gaýduwsyzdyr. Ol  Oguz adyna mynasyp boldy: Togrul adyny gazandy. Onuň islegi hökman amal tapmalydyr. Ine, biz – Togrulyň iň ýakyn adamlary: – agalary, inileri, daýylary hem ýegenleri, ýegana dostlary. Ine, – Musa beg ýanynda duran iki sany gujurly ýigide elini uzatdy: – Bu kişiler, begler, – Dawut bilen Ybraýym – Muhammediň doganlary. Resultegin – doganoglany. Garasaý, aramyzda ýat adam ýok. Hudaýtagala bize – Seljuk Dukak ogullaryna ýeňilmezek güýç-kuwwat berdi, Hudaýtagala bizi goldaýar. Bizi, sizi, Haktagalanyň Ýerdäki ýalkan wekili soltan Masut Gaznaly goldaýar. Eşidensiňiz, soltan Mahmyt Gaznaly – ýatan ýeri ýagty, jaýy jennet bolsun! – bizi has hatyralaýardy. Ol biziň dogan-garyndaşlarymyza birnäçe ülkäni ykta berdi. Men bu zatlary hakykaty bilmegiňiz üçin aýdýaryn. Biz garyndaş bolalyň, Abdylmälik han. Biziň bilen garyndaş bolsaňyz, rahat ýaşarsyňyz, towugyňyza: «Tok!» diýjek adam bolmaz. Biz size mydama kömek ederis, biz sizi goldarys. Biz bir begzada gyzynyň mahýasynyň ýigrimi dinardygyny bilýäris. Ýöne biz size gyzyňyzyň mahýasy üçin birki müň dinarlyk mahýa getirdik. Diňe bir sandyklardaky dinarlary däl, şu görýän zatlaryňyzy hem gyzyňyzyň mahýasy hasap ediň. Inim Togrul gyzyňyzy gaty ýokary bahalaýar. Hana, şol iki sandykda herdürli gymmatbaha daşlar, monjuklar, ysyrgalar, gulakhalkalar, ýüzükler bar. Biziň bezirgenlerimiz iki aýlap Çyn-Maçyndan owadan-owadan mata agtardylar. Bir aýlabam şol getirilen matalardan ökde tikinçiler gyzyňyz üçin her hili biçüwlerde lybaslary tikdiler. Gyzyňyz üçin üç ýüz altmyş geýim tikildi. Togrul gyzyňyzyň ýylyň her güni bir täze geýim geýmegini isleýär. Biz öňräk geljekdik, ýöne gyzyňyzyň mahýasyny Togrulyň göwnüne makullaýançak üç aý wagt geçdi.

Musa begiň: «Biziň bilen garyndaş bolsaňyz, rahat ýaşarsyňyz, towugyňyza: «Tok!» diýjek adam bolmaz. Biz size mydama kömek ederis, biz sizi goldarys» diýen sözlerini diňlän Abdylmälik han badyhowalyga haýranlar galdy, özüni mertebesi kemsidilen hökmünde duýdy. Onuň bu pikirini Şadranç müňbaşy (ol diňe bir müňbaşy däl, eýsem, hanyň nedimidi) hem makullady:

– Baý-ba, gürläýşini! Bu bir jemagatyň begi däl-de, ýedi yklymyň soltany ýaly gürleýär. Bize howandar boljakmyş...

Hana meçew berlen ýaly boldy:

– Bä, maňa howandar çykjag-ow  onda siz?! Hä, siz gaty artykmaç adamlar-ow...

– Görýän welin, siz maňa ters düşünäýdiňiz öýdýärin – diýip, Musa ýabgu aljyraňňy dillendi.

– Düşünip-düşünmez ýaly näme bar bu ýerde? Näme, han ýönekeý zatlara-da düşünýän däldir öýdýärsiňmi?

Ähli kişiniň ýüzüne urlan  ýaly boldy.

Seljuklylar biri-biriniň ýüzüne seretdiler.

Ýeri, indi näme etmeli?!

Gaýdybermelimi?

Mansur pola dörän oňaýsyzlygy özünden başga hiç kimsäniň düzedip bilmejekdigine, hanyň kejirlik etjekdigine düşündi. Ol iki ýana garanjaklady, soňam derwezäniň ýanynda duran Haldanyň üstüne gygyrdy:

– Eý, berebekgeý, sen, nä, sömelip dursuň?  Men saňa diýýärin! – Mansur pola şeýle bir çakyr gygyrýardy welin, sesi gulagyňy deşip barýardy: – Haldan, men saňa näme diýdim?! Näme sömelip dursuň? Men saňa näme diýdim? «Näme üçin sömelip dursuň?» diýýärin men saňa? Getir diýen zadymy näme üçin şindem getireňok?!

Haldan, hakykatdan hem derwezäniň ýanynda näme getirmelidigine düşünmän äm-säm bolup durdy.

Abdylmälik emiriň gahary Musa begiň sözi üçin däl, ýok, bir sebitiň hanyny şeýle uzak garaşdyrany, özüni şeýle mahabatlandyrany üçin gelipdi. Ol özüniň kimdigini, Musa begiň kimdigini ähli kişiniň bilmegini isläpdi.

Herki zadyň çeni bar, çaky bar. Seljuk begleri döwrüň göterýän çakyndan biraz – ýok, biraz däl, ep-esli – çykypdylar.
Musa beg nämäniň-nämedigine düşündi:
– Merhemetli han, hoşuňyza geljek bolup, göwnüňize degendigime biçak gynanýaryn...
Musa beg bu sözi çyn ýürekden aýtdy. Emir muňa düşündi.
– Alla gowusyny etsin! – diýip, seljuk begleri ýerli-ýerden dillendiler.
– Merhemetli Abdylmälik han, biz gyz-gelinlerimizem alyp geldik. Ýok, dogrusyny aýtsak, bizden galmady olar – diýip, Musa beg hatar duran gyz-gelinlere bakan elini uzatdy. – Ähli gyz-gelinlerimiz: «Togrulyň gelinligini görjek!» diýip geldiler. Olaryň gyzyňyza elin gowşurjak hedýe-engamlary bar.
Musa begiň bu sözüni gapdalynda duranlaryň ählisi makullady.
Emir dymdy, onuň dymmasyny makullama hökmünde kabul etdiler.
Abdylmälik han töweregine garanjaklady, Mansury agtardy. Mydama gapdalynda bolýan Mansur edil şu pursat ýok. Möhüm bir ýagdaý ýüze çykmadyk bolsa-ha beýle ýagdaýda hanyň ýanyndan gitmeli däl ol, Abdylmälik hanyň nazary derweze tarapdan gelýän ferraş Haldanda saklandy.
– Mansur näme bilen başagaý? – diýip, han Şadranç müňbaşa ýüzlendi.
– Bilmedim, bir ýerde duranok ol, gaty aladaly görünýär.
– Altynjany özüň çagyryp gel!
Ähli kişi Şadranjy gözleri bilen hareme ugratdy.
Içerä habar ýetiren Şadranç hanyň ýanyna dolanyp geldi.
– Häzir geler.
Içerden Haldan çykdy, ol derwezä tarap ylgady, sähel salymda gözden gaýyp boldy.
Abdylmälik han seljuk begleri gelip ugraly bäri Mansuryň hem öýdeniçerleriň nämedir bir zada aşa başagaý bolup, iki ýana hars urýandyklaryny görse-de, olaryň näme edýändiklerine teý düşünip bilenokdy.
Han Şadranç müňbaşydan haremde näme edýändiklerini sorady.
– Maňa hiç kim hiç zat aýtmady. Men Altynjana siziň garaşýandygyňyzy aýtdym. Ol: «Häzir bararyn» diýdi.
Haldan biraz wagtdan soň yzyna bäş sany elleri dowully kişini tirkäp, howla girdi. Abdylmälik han ol gelenleri tanady: olar – Zamahşaryň nagaraçylary, dowulçylary.
Elleri dowully bäş kişini haremhananyň öňünde hataran durzan Haldan içeri girip gitdi.
Abdylmälik han düşündi: Altynjan haremden çykanda dowul kakylmaly. Goý, şeýle bolsun, sebäp, seljuklylar biraz hetden geçdiler. Goý, biziňkilerem bularyň özlerine görä bolsun!

* * *

Mansur Abdylmälik hanyň ýanyna geldi:
– Hökümdarym, häzir gyzyňyz ýanyňyza geler!
Mansur bu sözüni soňlap-soňlamanka dowullar güňlenç seslendi.
Birdenem ses kesildi. Dym-dyrslyk.
Howludaky ähli seljuklylaryň nazary ferraşyň girip-çykyp duran haremine gönükdi.
Abdylmälik hany biraz galpyldy basmarlady. Ähli zadyň sag-aman gutarmagyny beýik Biribardan dileg etdi. Häzir Altynjan gelip bir hokga çykarmasa ne ýagşy. Ferraşlar, akgyzlar hem Mansur seljuklylar gelip ugraly bäri iki ýana ot-elek bolup ylgadylar welin, ähli zat eýgilige bolsun-da hernä! Aý, ýok, Altynjan kakasynyň ýanynda hokga çykarjak bolup durmaz.
Abdylmälik han haremden gözüni aýyrman seredip, garaşyp durdy.
Altynjan näme üçin çykmaýarka?
Ýa ol haýsy eşigini geýjegini bilmän, birini çykaryp, beýlekisini geýip otyrmyka?
Hanyň içini it ýyrtyp ugrady: heý, beýle-de garaşdyrmak bolarmy? Gör-ä, birgiden adam garaşyp dur.
– Ýok, ýok, Abdylmälik han, biynjalyk bolmaň, biziň howlugýan ýerimiz ýok. Garaşarys – diýip, hanyň howsalasyny aňan Musa beg sypaýyçylyk etdi.
Ep-esli wagt geçdi, Altynjan görünmedi. Han rahat durup bilmedi, ýanyna Mansury çagyrdy. «Bu ne boluş? Gelsin derrew!» diýip, azm urdy.
– Lepbeý, begim! – diýip, Mansur pola elini döşüniň üstünde goýup, eglip yzlaýyn, topuň oky deýin atylyp gitdi. Mansur baransoň, haremhanada janlanyş döräýmeli ýaly welin, üýtgän zat bolmady.
Mukymlyk bilen hareme bakan seredip duran Musa beg hem garaşyp ýadan bolarly, töweregine garanjaklamaga başlady.

Abdylmälik hanyň gaharlanyp ugrandygyny aňan ýaly, dowullar ýer sarsdyryp düňňürdedi.
Gapydan Altynjanyň gelýändigini yglan etdi.
Han bu resmilige, bu dabara ör-gökden geldi: «Bu nä boluş?! Beýdip yglan ediler ýaly, Altynjan bir ýurduň patyşasymy? Heý, beýle-de bir hokga bolarmy? Bu ýeňleslik ahyryn!» diýip, ol öz ýanyndan janykdy, çalaja gyzaryp, seljuklylara gabak astyndan seretdi. Olaryň boluşlaryny görüp geň galdy. Asyl dowul kakylmasyny hiç bir seljukly geňlemändir, olar sabyrsyzlyk bilen, uly gyzyklanma, tolgunma bilen Altynjanyň haremden çykaryna garaşýar. Seljuklaryň bu boluşlary hana gyzynyň hokgasyndanam geň göründi. Näme üçin Altynjanyň bu bolşuny geňlänoklar?!
Bu dünýäniň oýunlygy, hokgalygy, ýeňlesligi üçinmi?!
Seniň ýeňleslik, oýun hasaplan zadyň başga biri üçin agraslyk eken, çyn eken!
Bu dünýäde hiç bir zady geň görmeli däl! Çünki seniň geň hasaplan zadyň – başga biri üçin adaty zat!
Gizlinlikde, gizlenmekde many bar: asyl durmuş – gizlenpeçek oýny. Zenan-a oýunçy, gizlenýär, erkek kişi – gahryman, ol gizlenýän oýunçyny tapýar.
Gizlenpeçegi diňe bir halkyň däl, dünýäniň ähli halklarynyň çagalary oýnaýar. Bu oýny olara hiç kim öwredenok. Muňa olarda zerurlyk-da ýok. Sebäbi gizlenpeçek olaryň ganlarynda aýlanýar.

* * *

Altynjan ahyryl-ahyr haremhanadan çykdy, ýöne ol ýeke çykmady, yzynda iki sany akgyzy bilen çykdy.
Abdylmälik han gyzynyň özüne bakan gelýändigine gözi kaklyşandan soň, ol: «Ynha, Altynjan gyzym-a gelýär!» diýýän terizde Musa bege seretdi.
Seljuklylar dünýäni unudyp, yzy iki sany akgyzly Altynjany synladylar.
Seljuklylaryň ählisiniň nazary haremden çykyp gaýdan Altynjanda bolansoň, Abdylmälik han pursatdan peýdalanyp, seljuk beglerini içgin synlady: olaryň Altynjana göwünleriniň ýetendigini gördi. Gerdeninden agyr ýük aýrylan ýaly, ýeňil dem aldy.
Peşeneli-peşeneli kişileriň üýşüp gelip, bir gyzy mahabatlandyryp duruşlary, dogrusy, han üçin geňdi. Özem diňe ýöne-möne geňem däldi, juda geňdi.
Oguz, bir görmäge sada görünse-de, çylşyrymly halk! Juda çylşyrymly halk! Şerigatyň berk kada-kanunyna seretmezden hatynlarynyň ýüzlerini tuwak bilen örtmedik ýeke-täk musulman halk bu. Oguz – adamyň jany ýaly halk. Oguza düşünen – dünýä düşüner! Abdylmälik han welin, seljuklylaryň bu boluşlaryna teý düşünmedi.
Oguzlaryň häzirki boluşlaryny oguza-türkmene muwapyk häsiýetem-ä diýer ýaly däl. Megerem, bu seljuklylaryň ganynda grekleriň hem ganynyň barlygy[7] üçindir: Seljuk begiň hatyny grek bolupdyr diýen gürrüňem bar-a! Özem ol hatynyny aşa söýüpdir diýýärler. Şol grek gözeli üçin ol Beýik Oguz şalygynyň şasy Baýgunyň ýüzüne durupdyr, subaşylyk wezipesini taşlap, öz adamlary bilen aýrylyp çykypdyr.
Elbetde, Beýik Oguz şalygy şol grek gözeli üçin synan däldir, onuň sebäpleri köp bolandyr, ýöne şol döwürde Seljuk subaşyny grek gözeli üçin Beýgu patyşanyň hatynynyň näletländigi, ony her edip-hesip edip öldürmek islänligi welin hakykat. Seljuk begiň grek hatynynyň raýyny ýykman ogullaryna Ysraýyl, Mykaýyl diýen ýaly atlary dakandygy-da hakykat!
Altynjan Abdylmälik hanyň otuz zirag çemesi ýakynyna gelip saklandy. Ol edep bilen duranlara baş egdi. Yzdaky akgyzlar Altynjanyň hereketlerini gaýtaladylar.
– Altynjan, uýam, uýalma, ýakynrak gel! – diýip, Musa beg elini öndedi. – Biz saňa ýat adamlar däl indi. Biz Togrulyň agalary hem inileri, daýylary hem garyndaşlary.
Musa begiň bu sözüni eşitse-de, Altynjan duranlara ýakynlaşjak bolmady. Ol-a ýakynlaşmak eken, seretmedem. Şeýle bolansoň Çagry beg hem Musa begiň sözüni gaýtalady:
– Altynjan, uýam, men Togrulyň agasy. Biz seni Togrulyň şu ýakyn dogan-garyndaşlary bilen tanyşdyrmakçy.
Altynjan Çagry begiň sözüne-de pisint bermedi: ol iki akgyzy bilen dalana däl-de, howla bakyp durdy.
Musa beg Abdylmälik hana soragly bakdy.
Abdylmälik han howla bakyp duran Altynjana siňe-siňe tiňkesini dikip, ör-gökden geldi.
Duran Altynjan däl ahyryn! Ol Altynjanyň jorasy Balnäz!
Abdylmälik han gazap bilen «Bu näme boldugy?» diýen manyda haremiň öňünde duran Mansura bakdy. Mansur ylgap geldi:

– Häzirki gelenler Altynjanyň joralary. Özi hem häzir geler, begim! «Ilki joralarym çyksyn, yzyndan özüm çykaryn. Babama aýdyň, gaharlanmasyn. Ähli zat gülala-güllük bolar» diýdi.

Emir gaharyna sandyr-sandyr etdi:

– Gerek däl, hiç zady gerek däl. Derrew gelsin.

Mansur gaty-gaty ýöräp gitdi.

Biraz wagtdan soň, dowul düňňürdedi:

– Altynjan!

Başda Altynjanyň akgyzy Gülýüzli göründi. Ol bezenmek bezenipdir. Dolmuş Gülýüzli horam atyp, yzyndaky gyzlaryň öňüne düşüp gelýär.

Iň öňde Gülýüzli, onuň yzynda iki gyz, soň Altynjan, Altynjanyň yzyndan hem iki sany jorasy gelýär.

Daşdan seretseň, olaryň horam atyp gelişleri juda owadandy.

Alty gyzyň altysynyň hem geýimleri birmeňzeşdi. Olaryň eginlerinde gök jüpbesi bardy, başlary karkaralydy. Eginlerine sap-sary taýlesana[8] meňzäp duran lowurdyly dilbendini atypdyrlar.

Altynjan joralary bilen howlukman, messan-messan basyp, Abdylmälik hanyň duran ýerine bakan gönükdi.

Abdylmälik han gyzlara seredip, içinden şükür etdi, kanagatlandy: «Altynjan gowy görýän gök atlazyny geýipdir» diýip içini gepletdi. Bu lybasyň matasyndan on geýimligi sekiz ýyl mundan öň Abdylmälik hana köşkde Altyndaş: «Soltan Mahmydyň sowgady» diýip beripdi. Han gyzyny häzirki eşiginde öň görmändi. Altynjanyň başdaky maýdaja göwher nagyşly jygasy hasam gelşipdir. Şa gyzyna meňzäpdir. Dogrusyny aýdaňda, Altynjan şa gyzyndan kem hem däl. Gaýtam, artyk ol. Enaýyja ýylgyryş bilen kakasyna, soňam seljuk beglerine salam berdi.

Gyzlar ilki gelenleriň bärisinde – dalan tarapda hatara düzüldiler.

Musa beg dagy bu gezek oňaýsyz ýagdaýa düşmezlik üçin bir gyzlara, birem Abdylmälik hana seredýärdi.

Altynjanyň: «Görünmek isleseň – görünme» diýmesinde bir hikmet bar bolmaly. Her gezek dowul düňňürdisinden soň içinden Aýyň bölegi deýin owadandan-owadan gyzlar çykyp duran harem jadyly bolup görünýärdi. Jadyly görünmezçe hem däldi. Togrul beg olaryň ýanynda Altynjanyň waspyny ýetirmek ýetiripdi! Dünýä göwni ýetmän ýören ýanbermez Togrul bir gyzyň öňünde mugyra gelipdir. Onsoň: «Mahýasy az bolmasyn» diýip jöwlan urşuny, Çyn-Maçyna ýörite adam ugradyp, ol ýerden getirden gymmatbaha matalaryny, şaý-seplerini şu howludaky seljuk begleriniň tas ählisi diýen ýaly gördi ahyryn! Onsoň Togrulyň şeýle göwün beren gyzyny, heý-de, göresiň gelmezmi?

Seljuk begleri Abdylmälik hanyň gaharynyň gelmesinden alty gyzyň içinde Altynjanyň ýokdugyny aňdylar. Onsoň olaryň nazary ýene hareme bakan gönükdi.

Dowul ýene agyr düňňürdedi.

Altynjan biraz garaşdyryp çykdy.

Dym-dyrslyk.

Ähli kişi doňan ýalydy.

Ähli kişi gözlerine müňkürlik edýän ýalydy.

Abdylmälik hanyň gözleri Altynjana düşende ýüregi hopugyp gitdi. Ýüregi urmasyny goýdy onuň, asyl. Ol iki eli bilen ýüzüni tutdy. Hanyň bolşy: «Bu masgaraçylygy görmäýin» diýýän ýalydy: Ol: «Wah, bir hokga tapar diýip aýtdym-a men!» diýip hüňürdedi.

Altynjan gyzlaryň deňinden geçip, seljuk beglerine baş egdi.

Altynjana nähili eşik geýse gelişýär. Ol erkek kişiniň – begiň eşigini geýipdir welin, heý, seredip doýar ýaly däl. Eşik oňa biçak gelşipdir. Başynda karkara, egninde çuhra, bili düýrme gylyçly, hanjarly. Elinde Togrul begden alyp galan gamçysy. Megerem, eşiklerini dar geýenliginden bolsa gerek, Altynjanyň özem, eşigem biçak owadan, gelşikli görünýärdi. Ol ýeňinem biraz çermäpdi. Onuň bolşy şu ýerden göni söweşe gitjek merdana jigide meňzeýärdi.

Bu bäş günlük dünýä – bir pursatlyk tomaşa!

Adam görgüli bir pursatlyk tomaşadan many agtarýar. Aslynda onda hiç hili many bolmasa näme! Adam bu dünýäden ýok zady agtaryp, wagtyny bihuda geçirýär!

Dünýä tomaşasyna kim hezil edýär, kim seňrigini ýygryp seredýär. Ine, Altynjanyň ikinji göçümi kim üçin tomaşa, kim üçin synag, kim üçin utanç. Ähli kişiniň hoşuna geljek zat bolsa ýok bu jahanda. Köp kişi – aýratyn hem zenanlar – ýüregindäkini aýan etmäge görer gözden çekinýär, ýöne Altynjan hiç mahal hiç bir zadyň soňy hakda ünjä batmagy halamaýardy. Göwni şu işi etmek isleýärmi? – isleýär: bolany şol, ol göwnüniň küýsän şol işini amal etmäge girişerdi. Käteler onuň töwekgellik bilen eden amaly telek hem

bolardy, ol eden telek işine egser-egser ökünýärdi. Herhal, göwnüne gelen zady töwekgellige salmazlyk onuň üçin güzapdy, mydama töwekgelliginden ymgyr lezzet tapardy. Ol häzirem öz edýän töwekgel amalyndan biçak hoşaldy, bu edýän töwekgelligi üçin kakasynyň dergazap boljagyny-da bilýärdi. Belki, urar?! Ýöne ol bu babatda kesgitli netijä gelipdi: «Göwnümdäkini edip armandan çykaýyn, soň babam meni, goý, kerçem-kerçem edip öldüräýsin. Erkek kişiniň eşigini geýsem, seljuklylaryň hem halamazlygy mümkin. Goý, halamasynlar. Bu meniň üçin has gowy, has bähbit bolar».

Altynjan kakasyny gözüni aýyrman synlaýardy. Ol gorkýardy, ýöne bu mahal höwes gorkudan rüstem gelýärdi. Hakyt şeýledi: höwes gorkudan rüstem gelýärdi.

Gorky höwesden öňde ýöreýär. Altynjanyň höwesi gorkudan mydama öňde ýöreýär.

Abdylmälik han gorka-gorka Musa bege tarap seretdi. Olaryň ýylgyrjaklap durşuny görüp, gözlerine ynanmajak boldy. Altynjanyň bu hokgasy olaryň gaharyny getirmändir-ä! Seljuklylardan ahmyrly bolansoň, Altynjan bu hokgany äsgermezlik, ar almak maksady bilen edýän bolaýmasyn?! Bu hokgada äsgermezlik bar ahyryn! Belki, Altynjan Togrul begi Hun hany Atyllanyň gününe salmak[9] isleýändir? Öz-ä bu Altynjanyň kellesine gelip biljek pikir.

Abdylmälik han aýylganç bir jenaýatyň üstüni açan dek howpurgady. Eý, Hudaý, bu zatlaryň yzy nähili bolarka? Han gyzy Altynjanyň bir çilten atly bilen Togrul begi öldürmek üçin Gauhora gidişini; aýylganç tutum entek amala aşmanka, olary Keski Kelew bilen Mansuryň yzyna alyp gaýdyşyny; bu etmişi üçin ekizlerini jezalandyryşyny; şonda gyzynyň: «Baryna men sebäpkär, hun almakçy bolandygymyz üçin jezalandyrmakçy bolsaňyz, onda diňe meni uruň, meni öldüriň! Sebäbi olary men alyp gitdim. Olar naçar uýasyny ýeke goýbermezlik üçin ýanym bilen gitdiler» diýip, şirigana durşuny; ar almak maksady başa barmandan soň onuň köşeşmändigini we Şandranç müňbaşydan ar alyp berer ýaly merdana pidaýyny tapyp getirmegi haýyş edişini; sadakada: «Daýymyň aryny alman sadakat berýärsiňiz!» diýen pursadyny; özüne hyrydar çykyp gelen sebitiň ýigitleriniň öňünde üç şert goýandygyny; üçünji şertiň Togrul begi öldürmekdigini – hun almakdygyny; Togrul beg düşünişmek, Tümen begi tanamandygyny, özüne töhmet atylýandygyny aýtmaga Zamahşara geleninden soň, ganhor hasaplap ýören adamyna garaýşynyň düýpgöter üýtgändigini, haçan-da seljuk osmakçylary gelende Togrul bege durmuşa çykmaga gepsiz-gürrüňsiz razy bolandygyny hakydasyndan geçirdi.

Seljuklylar Abdylmälik hanyň iň ýakyn razdanlarynyň kimlerdigini bilipdirler: olar Käsiň häkimi Gazanpar Tak bilen Janahyr Geçdekini Zamahşara osmakçy ýollapdyrlar. Iki dost Zamahşara gelip, üç gün myhman bolanlaryndan soň näme niýet bilen gelendiklerini aýdypdylar. Galadan daşarda seljuklaryň Hasan begi hem habara garaşyp dur eken. Ony hem çagyryp getirdiler. Han bu sawçylygy göwnemändi, kes-kelläm göwnemändi, çykalga hökmünde, soňky sözi gyzyna goýupdy. Onuň pikiri boýunça gyzy kes-kelläm garşy çykmalydy, ana, şonda han: «Görüň-ä, gyzym garşy. Eger men gyzyma garşy gitsem, onuň özüne kast edäýmegi mümkin» diýmekçidi.

Altynjan kakasynyň pikirini çepbe çöwrüpdi:

«Baba, siz näme etseňiz, men şoňa razy!»

Bu sözden soň Abdylmälik handa seljuklylaryň gudaçylygyna razylyk bermekden başga alaç galmandy, olaryň bu günki ynamly gelmekleri hem şonuň üçindi.

– Altynjan, utanma, ýakynragymyza gel! – diýip, Musa beg Altynjana ýüzlendi. Altynjan Musa begiň sözüni ylla eşitmedik ýaly, gyzlaryň hataryna baryp goşuldy.

Çagry Musa begiň synyndan çekdi.

Dowul ýene ýer sarsdyrdy.

– Altynjan akgyzlary bilen gelýär!

Dört sany gyz dalana bakan gaýtdy.

Dört gyz haremhanadan otuz-kyrk zirag daşlaşansoň, haremhanadan Altynjanyň ýeke özi çykdy.

Onuň yzyndan dört sany gyz göründi.

Abdylmälik han ýeke gelýän gyzyň Altynjandygyny tanady. Özem ol gyzynda nähilidir bir ýylylyk duýdy. Ol gyzlara bakan bäş-alty ädim ýöräp saklandy.

Onuň bu gadamyndan Altynjany tanadylar.

Bu ýere gelen gyzlaryň ählisi owadandy. Haýsy birine Altynjan diýseň, seljuk begleri peşlerini göge zyňyp, kabul etjekdiler. Ýöne Altynjan özünden öňki gelen gyzlaryň içinde baganalaryň içinde sur bagananyň saýlanyşy ýaly, saýlanyp durdy.

Allatagala ähli zatda çäk goýsa-da, zenanlara görk bermek babatda çäk saklamaýar.

Öňden hem yzdan gelýän gyzlar nyzama düzüldiler. Altynjan welin, nyzama durmady. Ol göni kakasynyň ýanyna geldi. Kakasyna tagzym etdi. Kakasy seljuk beglerine bakan elini uzadyp, olar bilen salamlaşmalydygyny öndedi.

Altynjan gyzaryp, uýala-ýygryla seljuk beglerine bakdy, eglip salam berdi.

Abdylmälik han nädip başlajagyny bilmeýän ýaly ardynjyrady:

– Gyzym Altynjan, bize Baýgu Kelan – Musa beg dagy geldi. Musa beg dagy saňa Togrul beg üçin hyrydar çykyp gelipdirler. Bular seniň razylygyňy almak isleýärler...

Abdylmälik han bu sözleri gyzyndan razylyk almak üçin däl-de, Oguz handan gelýän äp-däbi boýunça aýdýardy. Ol gyzynyň razylygyny razdanlary Gazanpar Tak hem Janahyr Geçdekiniň, Hasan begiň ýanynda alypdy.

Gyzyň dymmasy – gyzyň razylygy bolmaly!

Baýgu Kelan ýigitleri bilen Altynjanyň ýakynyna geldi, onuň razylyk berenine – dymmasyna minnetdarlyk bildirdi:

– Altynjan, biz – ine, şu duranlar Muhammet Togrulyň iň ýakyn adamlary. Men onuň agasy. Ine, bu ýigit Togrul janyň süýtdeş dogany Çagry. Bu ýigidem Togrulyň dogany Ybraýym. Bu ýigit meniň oglum Hasan – diýip, Baýgu Kelan ýanyndaky duranlary ýeke-ýekeden tanyşdyryp çykdy. – Biziň inimiz Togrul ärleriň äridir, şirleriň şiridir. Biz inimize ýanýoldaş bolmagyňy isläp geldik. Onuň agyr günem, hoş günem ýanynda bol. Bagtly ýaşaň. – Baýgu Kelan Abdylmälik hana ýüzlendi. – Merhemetli han, rugsat berseňiz, gyzyňyz bilen biziň gyz-gelinlerimiziň duşuşmak talwaslary bar, Altynjana niýetläp getiren hedýe-engamlarymyz bar, şolary gowşuraýsak.

Abdylmälik han baş atdy.

Hanyň razylygyny alan Baýgu Kelan Barat Alçaga başlaber diýen terizde seretdi. Barat Alçak hem howla garap yşarat etdi.

Barat Alçagyň yşaratyndan soň, derwezäniň sagyndaky hem solundaky tapbalalar elleri lybasly gelin-gyzlaryň gapdallaryna baryp saklandylar. Depçiler deplerini düňňürdedip başladylar, raks oýnadylar. Diňe depçiler, tapbalalar, dumbelekler däl, olaryň arasyndaky iki hatar duran gyz-gelinler hem ellerinden geýimlerini birgeňsi galgadyp, raks oýnadylar.

Depiň düňňürdisine aýak goşup, zenanlar ýuwaşlyk bilen Altynjana bakan iki ädim öňe, bir ädim yza süýşüp gelýärdiler.

Altynjan olara bakan dähedem-dessem ýöräp ugrady. Onuň ýöräp ugraryna garaşyp duran ýaly, derwezäniň iki tarapynda hataran duran sazandalar saz çalmaga girişdiler.

Howly sazdan doldy.

Üç sany zenan Altynjanyň öňünden çykyp, ony gezekli-gezegine gujakladylar.

Altynjan üç zenan bilen gujaklaşyp görüşýänçä, onuň ýörejek ugry eýýäm janly däliz edilipdi. Musa begiň ýöräp geçen janly dälizi indi Altynjanyň ýörejek ugrunyň janly dälizine öwrülipdi. Özem seljuk ýigitleri ýekedyz oturyp, Altynjany hatyralaýardylar. Altynjanyň ýöreýän ugruna gül düşäpdiler.

Ähli zat edil ertekilerdäki ýalydy. Ýok, ýok, ertekilerde-de edil beýle owadan däl. Häzirki görnüş ertekilerdenem kän esse owadandy.

Altynjan geljekki eltileri bilen janly däliziň içinden ýöräp barýardy. Ol howlynyň ortasyna ýetende zenanlar Altynjanyň daşyna aýlanyp, el tutuşyp ullakan bir halka döretdiler. Altynjan şol halkanyň ortasynda galdy.

Elleri lybasly zenanlar halkanyň içine girip, engamlaryny Altynjana gowşurýardylar. Altynjan her kimiň berýän lybasyny kän-kän minnetdarlyk bildirip elini degirýärdi, onuň elini degren eşiklerini zamahşarly zenanlar haremhana daşaýardylar.

– Eý, Hudaý!.. – diýip, Abdylmälik han haýran galmadan ýaňa uludan demini aldy. Ony geň galdyrýan zat gyzyna berilýän hedýe-engamlar däldi. Ýok, ol seljuklylaryň hatyna goýýan mertebesine haýran galýardy. Hiç bir ýerde durmuşa çykýan gyz – goý, ol şanyň gyzy bolsun! – Altynjança mertebelenen däldir. Eýsem onuň şeýle mertebelenmegi diňe görki üçinmi? Elbetde, ýok. Altynjan ýaly owadan gyzlar Horezminde, Jeýhunyň iki kenarynda-da barsa bardyr. Bu mertebe Altynjanyň başarnygyna, gaýduwsyzlygyna, harby tilsimlere ökdeligine goýulýan mertebe.

Emir: «Gyzyma erkinlik berip ýalňyşan bolaýmaýyn?!» diýip, howsala düşüp ýördi, rast, şeýle hormat-mertebe goýulýan bolsa, onda han ýalňyşmandyr.

Altynjan – emiriň talwasydy. Ol ogullarynyň üsti bilen talwasyny döredip bilmejekdigini aňypdy. Şeýle bolansoň töwekgellik edipdi: gyzynyň şereňňiz, şirigana bolup ýetişmegi üçin yhlas etdi. Bu gün yhlasy miwe berdi.

Görüň-ä dünýäniň geňligini!

Altynjan-a seljuklylaryň Tahyr hem Batman diýen ýigitlerini gözleriniň alnynda öldürdi. Bu eden wagşylygy üçinem seljuklylaryň serkerdesi Togrul beg oňa aşyk boldy! Hakyt şeýle!

Ynanar ýalymy?!

Soňky birki ýyl bäri Abdylmälik han: «Altynjany erkin goýberip, üstüme towsup duran ýolbars ýetişdirdim. Bu meniň başyma düşen towky bolaýjak ýaly» diýip, örtenip ýördi. Mähraby döwende hem hut şu gorky sebäpli urupdy!

Bu gün seljuklylar dolup-daşyp gelip, emiriň gorkusynyň nähakdygyny oraşan eýlediler.

Hawa, oraşan eýlediler!

Abdylmälik han ýeňiji hökmünde ýeňil dem aldy.

Ol bu günki dabarany gyzynyňky däl-de, özüniňki hasaplady! Özüniň bihal kişi däldigini aňynda telim ýola gaýtalady. «Eger men gyzymy berk galypda saklan bolsam, onda oňa häzirki ýaly üýtgeşik gadyr goýulmazdy! – diýip, emir pyşyrdady: – Emir, sen beýik adam! Sen patyşa däl, ýöne Allatagala saňa patyşalara berýän kyrk kişilik akyl-parasadyny beripdir. Babakelanlaryň ruhy senden razydyr. Olaryň ählisi saňa guwanýandyr. Sen Hindistana gidip, gör, näçe kişini musulman etdiň! Heý, Horezminde seniň ýaly köp sogap iş bitiren, kapyry musulman eden ikinji bir adam barmy?! Ýok. Başyňy belent tut, Abdylmälik! Alla seni ýalkaýar!»

* * *

Zamahşar galasynda halwadyr nişallanyň datly ysy mydama agzyňy suwardyp duran-da bolsa, bu mahal kakmaçdyr kebabyň, kellebaşaýagyň, her hili ýakymly tagamlaryň ysy has ýiti duýulýardy. Bu janperwer ys alysdan däl, hakyt Abdylmälik hanyň howlusynyň daşyndan gelýärdi. Megerem, Baýgu Kelan Abdylmälik hana özleriniň ähli taýýarlyklary görüp gelendigini aýdanda, sawçylygyň soňundan agyr meýlis guramagy hem göz öňünde tutan bolarly.

Ajygarça wagt bolupdy.

– Meýlis gaty uludan boljak – diýip, ferraş Haldan Abdylmälik hanyň ýanynda işdämenlik bilen ýuwdundy.

Sesi ýiti şilliň uzyn kişi asmana bakyp gygyrdy:

– Käs şäheriniň häkimi Gazanpar Tak gelýär!

– Buruntak obasynyň raýisi Janahyr Geçdeki gelýär!

Bu habara Abdylmälik han ör-gökden geldi.

– Merhemetli han, siziň ýegre dostlaryňyz Gazanpar Tak bilen Janahyr Geçdekini siziň dergähiňize biz çagyrdyk... – diýip, Hasan beg müýnli seslendi.

– Çoh gowy!.. – diýip, Abdylmälik han ýylgyrjaklady, dostlaryny gadyrly garşylady.

Dabara dowam etdi.

Sowgat gowşurmak dabarasy gutaransoň, sazandalar orta jemlendiler. Olar yhlas bilen saz çalmaga başlady.

Başlandy bir rakys.

Başlandy bir şowhun.

Hälki janly däliz döredip duran ýigitler edil süňňi ýok ýaly, şeýle bir rakys oýnaýardylar welin, heý, goýaý!

Altynjanyň kakasynyň ýanynda hiç kim galmandyr, onuň ýeke özi tomaşa seredip dur. Onuň dostlary Gazanpar Tak bilen Janahyr Geçdeki hem ortada rakys oýnaýardy. Şadranç bilen Mansur aňsat-aňsat rakys oýnamaýardy, ýöne bu mahal olar hem ortada ik deýin pyrlanyp ýörler. Seljuk begleri ýelgamak deýin şeýle bir ýeňil gopýardylar, ýeňil pyrlanýardylar. Olardan gözüňi aýrar ýaly däldi.

Musa beg rakys oýnamagyň hem serkerdesi eken. Ol şeýlebir pyrlanýar, aşyrym atyp pyrlanýar, ogly Hasan bolsa şeýlebir şirin saz çalyp, aýdym aýdýar.

Howlynyň gündogar tarapyna hyzmatkärler haly düşäp çykdylar. Şondan soň halylaryň üstünden desterhan ýazylyp, daşardan her hili tagamlar çekildi.

Her kim bir zat bilen meşguldy.

Göçgünli rakysyň soňy sawçylyk rakysyna sapdy.

Bu raksy ýürekden gowy görmeýän beri barmykan? Bu oýny ýürekden gowy görmez ýaly däl ahyryn! Çünki bu oýun durmuşyň, özem şowhunly, şadyýan durmuşyň oýunda alamatlandyrylmasy ahyryn!..

**Dokuzynjy hekaýat**

## DERWEZATA – SEÝHUN DERÝASY BILEN ANADOLY ARALYGY



### 1. Seljuk Dukak

*«Günleriň birinde türkmenleriň Beýgu atly patyşasy esgerlerini jemläp, yslam ýurtlaryna söweşe gidermen boldy. Emma Dukak muňa garşy çykdy. Ikisiniň arasyndaky bu jetleşik uzaga çekensoň, türkmenleriň patyşasy Beýgu gödek söz aýdyp, Dukakyň göwnüne degdi. Dukak bolsa eli bilen Beýgu patyşanyň ýüzüne urdy we onuň ýüzüniň hamyny sypjyrdy. Türkmen patyşasy Beýgunyň hyzmatkärleri Dukakyň daşyny gallap, ony tutjak boldular, emma Dukak olara baş bermedi we öz tarapdarlary bilen Beýgunyň garşysyna söweşe girdi. Iki tarap köp ýitgi çekip aýrylyşdy. Birnäçe wagtdan soň Baýgu bilen Dukaky ýaraşdyrdylar. Şondan soň Dukak Beýgu patyşanyň ýanynda galyp, oňa gulluga durdy. Dukakyň Seljuk atly ogly dünýä indi. Seljuk ulaldygysaýyn onda başarjaňlyk alamatlary, serkerdelik, ýolbaşçylyk ukyby has aýdyň peýda bolup başlady. Türkmenleriň patyşasy Beýgu ony ýanyna çekdi we öňe çykardy. Oňa subaşy lakamyny berdi... Subaşy sözi «Goşunbaşy, goşun serkerdesi» diýmekdir. Seljugyň goşunbaşylyk ukybyny, adamlaryň arasyndaky abraýyny we olara diýenini etdirişini gören patyşanyň aýaly ärini Seljugy öldürmäge öjükdiripdir, ony hiç gününe goýmandyr.*

*Seljuk bu habary eşidýär we ýanyndaky barça jemagaty hem-de sözüne gulak asýanlary jemläp, olary uruş meýdanyndan yslam diýarlaryna äkidýär. Iman bagtyýarlygyna eýe bolup, musulmanlar bilen goňşy oturýar. Ol Jent sebitlerinde ornaşýar...»* [1]

Dawagäriň hatyn bolmasyn! Her hili tersa, kesir erkek kişi bilen-de – (Bular bilen ylalaşmagam aňsat däl!) – ylalaşyp bolar, ýöne hatyn bilen ylalaşyp bolmaz. Göräýmäge, ol seniň bilen dawa etmeýän ýalydyr. (Iň erbedi-de şudur!) Aslynda welin, hatynyň etjegi içindedir!

Dukak subaşy Seljuk atly ýalňyz ogluna: «Dawagäriň hatyn bolsa, düşünişjegem bolma, adalata-da garaşma, çünki adalat-da, hakykat-da olaryň bar ýerinde sesini çykaryp bilýän däldir, iň gowusy, şol ýerden gaçyp başyňy gutargyn» diýip wesýet edipdi. Soň bu ähli oguz kowumyna edilen wesýet bolup, ile ýaýrady.

Seljuk beg Jent ýurduny mekan edindi, ýöne patyşanyň hatyny ony Jentde-de rahat ýaşatmady: Seljugyň ýaşaýan sebitiniň biçak baý ýurtdugyny, özleriniň bolýan ýerleriniň – Ýaňykendiň Jentçe ýokdugyny adamsyna – patyşaga tekrarlap ugrady.

Beýik Oguz döwletiniň iň soňky patyşasy Aly Jendi basyp almak üçin goşun sürdi.

Seljuk beg Aly patyşa bilen düşünişmäge çalyşdy, ýöne hatynyň sözleri agyr geldi.

Patyşa Alynyň hatynynyň tekepbirligi zerarly seljuk neberesiniň başyna agyr külpetler düşdi, ol ýerden bu ýere, bu ýerden ýene bir ýere göç etmeli boldy.

Wagtyň geçmegi, döwür-döwranyň üýtgemegi bilen patyşa hatynynyň ýamanlygy Seljuk jemagaty üçin bähbide sapdy.

Hakyt bähbide boldy!

Seljuk subaşy öz ýakyn adamlaryna, ogullaryna Aly patyşanyň özünden nämäni gaty görüp, dergazap bolýandygyny gürrüň beripdir, ýöne bu gürrüňi hiç ýere çykarmazlygy sargyt edipdir.

Seljuk begiň sargydy amal tapypdyr: patyşanyň hatyny bilen subaşynyň arasyndaky dawanyň näme sebäpli ýüze çykandygyny hiç ýerde aýtmandyrlar. Dawanyň bir tarapynyň Seljuk begiň grek gyzyna öýlenendigi bilen baglanyşyklydygyny welin köpler bilipdir.

Patyşanyň hatyny teý köşeşip bilmändir, ýogsam, onuň emri bilen subaşynyň köpsanly adamlary öldürilipdir hem.

Hatyn Ýylmaz Ok diýen ýegenine Seljuk subaşynyň Mykaýyl atly ogluny öldürdýär, onuň jesedini bolsa araba ýükläp, seljuklylaryň ýaşaýan syrgynyna ugradýar.

Hatyn gaharlansa, aňsat-aňsat rahatlanmaýar. Hernäçe ar alsa-da, oňa az görünýär. Aly şa ömrüniň ahyrynda hatynynyň gepine gidip, özüniň görnükli subaşysynyň göwnüne degendigine, Seljuk öz jemagaty bilen aýrylyp gidenden soň özünden döwletiň göterlendigine düşünýär, Beýik Oguz şalygy synýar. Boljak iş bolansoň, etjek alajyň ýok. Atylan oky, geçen günleri yzyna gaýtaryp getirip bolmaýar. Hatynyň ýalňyşandygyny-da boýnuna goýup bolmaýar.

Hatyn öz ogly Şamäligiň Jende emir bolmagyny gazanýar hem oňa iň soňky deminde seljuklylary gyrmagy sargyt edip ýurduny täzeleýär.

Aly patyşanyň ogly Şamälik ejesiniň sargydyna wepaly bolýar. Ömrüniň ahyryna çenli seljuklylar bilen söweşýär, olary rehimsizlik bilen gyrmak gyrýar. Ýöne Allatagalanyň bu dünýäsinde bihasap zat ýok. Sogap gazanan rehnet, eşret tapýar, etmiş eden jezasyny çekýär: belanyň beterinden beterine uçraýar. Nähak gan ýerde ýatmaýar.

Hatyn özi sebäpli ýalňyz oglunyň ýowuz günlere düşjegini näbilsin?!

* * *

Birinji müňýyllygyň soňky ýyllarynda Merkezi Aziýada kuwwatly şalyklar syndy. Ilkinji nobatda, bir ýarym asyrdan gowrak döwür içinde hökümdarlyk süren Samanogullary şalygy [2] gowşap, üçe bölündi: Nyşapur sebitlerine Taşa; Balh sebitlerine Faýyk; Hyrat sebitlerine Abu Aly Simjur hökümdar boldy. Samanogullary şalygynyň gol astynda bolan Köneürgenç şalygynda hem hökümdarlyk üýtgedi: Samanogullaryndan arka tutunan Ürgenjiň häkimi Abu Aly Mamun Eprikogullary (abdal) hanedanlygyny ýykyp, özi tagta geçdi.

Beýik Oguz döwleti syndy, ol döwletde gulluk eden oguzlar iki topara bölündi [3]. Ýaňykent oguzlary Heýteläniň demirgazygynda ýaşaýardy. Ýaňykent [4] Oguz döwletiniň iň soňky patyşasy Aly aradan çykandan soň, onuň tagtyny özüniň Jent şäherine emir bellän ogly Şamälik eýeledi. Seljuk Dukak ýabgunyň neberesi günortada Zerewşan düzlüginde – Buharadan ýigrimi farsah demirgazykda bolan Nur etrabynyň sähralyklarynda – Seýhunyň orta akymynyň kenar ýakasynda ornaşdy [5]. Seljuk nesli Samanogullary şalygynyň gullugynda durupdylar, ýöne bu şalygyň synmagy olary kyn ýagdaýa saldy, gazanç çeşmesi kesildi.

Beýik Oguz şalygynyň, Samanogullary şalygynyň synmagy bilen Heýtelede öz şalygyny döretmek isleýän jemagatlar, hanlar, begler köpeldi. Garahanly nesilşalygy [6] üç bölege bölünen Samanogullary şalygynyň soňuna çykdy, Samarkandy paýtagt edinip, ýuwaş-ýuwaşdan öz güýjüni artdyrmaga, çägini giňeltmäge girişdi.

Samanogullary döwletinden bölünip aýrylan Söbüktegin Gaznada täze şalyk döretdi, ogly Mahmyt onuň hökümdarlygyny beýik, kuwwatly şalyga öwürdi.

Seljuk begiň neberesiniň-de Nur ýaýlasyna aýagy düşdi, rysky, bereketi goşa-goşadan geldi. Ýazylyp-ýaýrap ýaşaýan seljuk neberesiniň işleri aýsaýyn kuşatlandy, mallary ýylsaýyn köpeldi.

Ýyllar geçdigisaýyn olara Nur ýaýlasy darlyk edip ugrady. Şeýle bolansoň gyşyny Horezminde – Hazarasp, Dargan etraplarynda geçirip, ýazyna ýene Heýtelä – Nura dolanyp geldiler.

Seljuk beg uly ogly Ysraýyla [7] özüniň ýabgulyk unwanyny berip, neberesiniň garamatyny oňa tabşyryp, ýüz ýedi ýaşynda ýurduny täzeledi [8].

Seljuklylaryň soltan Mahmyt Gaznalynyň hyzmatynda durmaklary olaryň mertebesine mertebe goşdy.

Soltan bilen seljuk begleriniň iki gezek aç-açan söhbetdeşligi olary soltanatlyk ykbalyna sary atardy.

## 2. Seljuklylaryň soltan Mahmyt Gaznaly bilen iki duşuşygy

Birinji duşuşygyň beýany

1017-nji ýyl.

Soltan Mahmyt Gaznalynyň goşuny Horezminde görlüp-eşidilmedik ýeňişler gazandy [9]. Soltanyň ol ýeňişleriniň aňyrsynda Ysraýyl hanyň tümeniniň goşandy görnetin uly boldy.

Ysraýyl begiň serkerdelik hem harby tilsimlere ökdedigine, ugurtapyjydygyna, merdi-merdanadygyna, gaýduwsyzdygyna, edermendigine soltan Mahmyt Gaznalynyň syny oturdy. Şeýle bolansoň soltan Ysraýyl bege Arslan han diýip at berdi, ähli ýerlerde oňa Arslan han diýip ýüzlendi. Seljuk jemagatynyň begleri bilen duşuşdy.

Söhbetdeşlikde soltan olaryň hersiniň adyny tutup, adynyň yzyndan beg sözüni hem goşup, uly hormat bildirdi. Soltanyň özleriniň atlaryny ýalňyşmazdan bilmegi, hormat goýup ýüzlenmegi, mertebe tutup gürleşmegi kynyk begleriniň göwünlerini göterdi. Ýöne soltanyň dergähine öz ýanlary bilen baran halypanyň ilçisi kynyk beglerine ýol-nobat bermän, uzak gürledi. Onuň Hudaýtagala, Gurhan, halypa, şerigat, kowahat hakdaky uzyn nutugy, dogrusy, oturanlaryň ählisini surnukdyrdy. Ilçiniň uzyn nutugyndan ýaňa surnugan Gyzyl beg gözlerini ýaşardyp, iki gezek uludan pallady, soltan çykalga gözläp töweregine garanjaklady. Ilçiniň bu bolşy kynyk begleriniň soltan bilen gürleşmeklerini islemän, oňa garalla bolmaga çalyşýana meňzeýärdi. Ol soltanyň Hindistana ýöriş edip, örän uly sogap gazanýandygyny, o dünýäde gürrüňsiz ýalkanjakdygyny, dünýäniň ähli halklaryny musulmana öwürmegiň parzdygyny, bu tutumda Allatagalanyň soltan Mahmyda bil baglandygyny, ony ýalkandygyny, ýalkaýandygyny, ýene ýalkajakdygyny, ýöne entek musulmanlaşdyrylmaly ýerleriň köpdügini, soltan diňe bir Hindistany däl, Rumustany hem musulmanlaşdyrsa, örän uly işiň edildigi boljakdygyny nygtady.

– Hindistan bilen Rumustany musulman iline öwürmek üçin bir ömür azlyk eder. Hindistany musulmanlaşdyrmaga ýetişsem hem menden az däl. Kynyklar oguz wesýetini amal edip, gaýalaryň – biziň hyzmatymyzda dursalar, enşa, Rumustany-da musulmanlaşdyrarys – diýip, soltan Mahmyt Gaznaly halypanyň ilçisine kynyk beglerini görkezdi.

Gyzyl bada-bat dillendi:

– Arkamyzda dursaňyz, almajak galamyz bolmaz, kyblaýy älemim!

Ysraýyl hem Gyzylyň sözüni goldady:

– Bizi öz penaňyza alyň.

Togrul:

– Siz – Allatagalanyň ýalkan soltany. Size ýakyn durmak, siziň hyzmatyňyzda bolmak bize uly mertebe! – diýdi.

Çagry beg:

– Kyblaýy älemim! Biziň dowarlarymyz Mawerannahra syganok. Bize Gyzylgum darlyk edýär. Biz dowarlarymyzy siziň ýeňişleriňize bagyş etmek isleýäris – diýdi.

Ysraýyl beg:

– Eger Faraw bilen Nusaýy bize ykta berseňiz, biz Balkan tarapdan Hindiguş daglaryna tarap ýekeje ýagynam geçirmeris, kyblaýy älemim. Näçe dowar gerek diýseňiz, biz dessine ugradarys. Siz bize mydama bil baglap bilersiňiz. Biz size sadykat hyzmat ederis – diýip, has anyk gürrüňe geçdi.

Aýdylan sözler, megerem, soltan Mahmydyň hoşuna gelen bolarly. Ol Nusaýy, Farawy, Abywerdi seljuklara ykta berdi [10].

– Biziň hemmämiz bir atanyň, bir enäniň neberesi. Biz – Oguz hanyň nebereleri. Men Oguz hanyň Gaýy diýen agtygynyň, siz Kynyk diýen agtygynyň nebereleri. Oguz han aýtdy: «Meniň wesýetime görä Gün oglum han bolsun. Onuň yzyndan ogly Gaýy han bolsun. Gaýy urugyndan han barka Baýat urugyndan han bolmasyn. Gaýy hanyň garawulbaşysy we çogdawulbaşysy kynyk begi bolsun» [11]. Goý, Oguz han atamyzyň diýeni bolsun! Siz meniň çogdawulbaşylarym boluň! Meniň serhetlerimiň goragynda boluň! Men size başbugluk yktasyny bereýin.

– Diýeniňiz gelsin, kyblaýy älem!

Soltan Mahmyt Gaznaly seljukly tümeniň kynyk neberesine mynasyp iş bitirendigini aýtdy, özüniň minnetdarlygyny bildirdi, şeýle hem seljuk beglerini gymmatbaha engamlar bilen sylaglady, olara zerli don ýapdy.

Indiki maksat Hindistana sary jihat etmekdi.

– Hindistany, Rumustany musahhar kylmak[12], ol ýurtlaryň adamlaryny musulmanlaşdyrmak üçin maňa köp goşun gerek. Nädip goşunyň sanyny artdyryp bolar? Haýsy ýerde atly gulamlary ýygnamaga mümkinçilik bar?

Soltanyň bu sowalyna onuň wezir-wekilleri, serkerdeleri nagt jogap berip bilmedi, şeýle bolansoň, soltan Mahmyt kynyk beglerine ýüzlendi:

– Ýygynyň sanyny nädip köpeldip bolar?

Arslan han sowalyň jogabyny uzak garaşdyrmady:

– Merhemetli soltan, siz bize başbugluk ygtyýarlyklaryny beriň, biz size bäş ýylyň içinde bäş ýüz müň atly ýygyn taýýarlap bereli.

– Bäş ýüz müň?!

– Hawa, kyblaýy älemim, bäş ýyldan biz siziň yradaňyz birle bäş ýüz müň atly goşun ýygnarys.

Seljuk begleri Ysraýyl begiň sözüne ör-gökden geldiler: «Diýýäniň näme? Heý, onça-da goşun jemläp bolarmy?» diýen terzde oňa soragly bakdylar. Ysraýyl beg olaryň soragly bakyşlaryny görmedikden boldy.

Ysraýyl beg aşa töwekgel serkerdedi. Ol töwekgelligi ýeňşiň, işiň ýarysy hasaplaýardy. Haýran galmaly, onuň töwekgellik bilen başlan, asla başa barmajak ýaly görnen işleri mydama şow tapýardy.

– Başbugluk ygtyýarlygyny bersem, bäş ýylda haýsyňyz näçe atly taýýarlap biljek? – diýip, soltan Mahmyt oturanlara soragly bakdy.

Arslan hanyň unamagy bilen Dawut Çagry beg ýerinden turdy:

– Merhemetli soltan, men ynamyňyzy ödärin, Balkandan başbugluk ygtyýaryny berseňiz, çen-takmyn elli müň atly ýygnaryn.

Arslan hanyň makullamagy bilen Gyzyl ýerinden turdy:

– Balkan daglaryndan başbugluk berseňiz, men bäş ýylyň içinde ýigrimi müň atly ýygnaryn. Her aýda oljadan hams bölegini-de size ugradaryn.

Arslan hanyň makullamagy bilen Ýagmyr ýerinden turdy:

– Balkandan başbugluk ygtyýarlygyny berseňiz, arkamda dursaňyz, Hindiguş dagyny Hindistanyň depesinden ahyrzaman edip indererin! Goşunyň esgerleriniň sanyny çen-takmyn ýüz müňe ýetirerin.

Arslan hanyň makullamagy bilen Gökdaş beg ýerinden turdy:

– Men diýen ýaşym, soltan Mahmyt patyşam, seljuk jemagatym barka meniň bitirmejek işim bolmaz. Siz maňa bil baglap bilersiňiz. Goşunyň atlylarynyň sanyny ýüz müňden geçirerin.

Arslan hanyň razylygyny alan Enesiogly ynam bilen ýerinden turdy:

– Jibalda [13], Azerbaýjanda ýerli ilat deýlemlilerden ýaňa gan aglaýar. Olaryň tepbediniň okaljagyna azda-kände gözleri ýetse, siziň gullugyňyzda durjak musulmanlaryň sany ýüz müňden-de geçer. Başbugluk ygtyýarlygyny berseňiz, söweşe tejribeli atlylaryň sanyny çen-takmyn ýüz müňden-de geçirerin.

Arslan hanyň ygtyýar bermesinden soň Buka beg ýerinden turdy:

– Musulmanlar sizi, merhemetli soltan, özleriniň Alla tarapyndan ýörite iberilen halasgäri hasap edýärler. Musulmanlar özleriniň büweýh, kaku hanedanlygynyň eden-etdiliklerinden dyndarmagyňyza gününi sanap garaşýarlar. Musulmanlaryň ezýetden halas bolmagyna, Hindistan ülkesiniň ilatynyň musulman bolmagyna goşant goşmak, sogap gazanmak üçin gije-gündiz yhlas ederin. Islän pursadyňyz elli müň atly bilen huzuryňyza bararyn. Ýöne munuň üçin maňa bäş ýyl möhlet gerek.

Arslan hanyň razylygyny alan Mansur Dana bilen Gyzogly-da ýerinden turup, eger özlerine başbugluk ygtyýarlygy berilse, bäş ýylyň içinde on müň atly ýygyn taýýarlap biljekdiklerini aýtdylar.

Soltan Mahmyt Gaznaly seljuk begleriniň eden töwekgelliklerine, merdi-merdana gep uruşlaryna çoh hoşal boldy. Soltan oturanlara garaşylmadyk sowal berdi:

– Siz näme üçin Balkan daglarynda, Hazar deňziniň sebitlerinde başbugluk etmekçi bolýarsyňyz? Näme üçin Mawerannahr, Hotan, Fergana, Baýköl, Balasagun, Kawkaz, Itil sebitlerinde başbugluk etmek islemeýärsiňiz?

– Onuň düýpli sebäbi bar, kyblaýy älemim – diýip, Arslan han sözüne dyngy berdi.

– Nähili sebäp ol?

– Biz kynyklar – Deňiz hanyň nebereleri. Ganymyzda Deňiz hanyň gany aýlanýar. Şeýle bolansoň, ýüreklerimiz Hazar deňzine talwaslanýar. Biz diňe deňze ýakyn sebitde rahatlyk tapyp bileris. Deňiz bize güýç-kuwwat berýär.

Arslan hanyň jogaby soltany kanagatlandyran bolarly, ol makullaýjy baş atdy:

– Siz meniň şalygymyň büweýh şalygy bilen serhetleşýän sebitlerinde Balkanda, Balkan daglarynda – türkmenleriň arasynda erkin hereket edip bilersiňiz. Meniň goragçy goşunym size päsgel bermez. Her jemagat her ýyl maňa paç tölesin.

Ylalaşyldy.

Soltan Mahmyt Gaznaly Arslan hana ýüzlendi:

– Arslan han, bu başbuglar ähtine ikilik etseler, men hasabaty kimden soramaly, kime jeza bermeli?

– Biziň beglerimiz ähtine ikilik etmezler. Şu ýigitleriň ähtlerine wepaly boljakdyklaryna men gara başymdan güwä geçýärin. Jezany maňa beriň.

– Ähli zat siziň aýdyşyňyz ýaly bolsa, onda bu meniň üçin has hem gowy, ýöne men her hili ahwalata duş geldim. Şonuň üçin men Arslan hanyň iň ýakynlarynyň birini, belki-de, özüni öz ýanymda agöýli hökmünde saklamaly bolaryn.

– Merhemetli soltan, biz siziň emriňize kaýyldyrys. Siz näme diýseňiz, biz şonuň bilen bolarys, size sadykat gulluk ederis. – Oturanlar Arslan hanyň sözüni makullap baş atdylar.

Biraz oýlanan soltan gutarnykly karara geldi:

– Araňyzdan agöýlüni özüm saýlap aljak.

Soltan bu hakda soň goşmaça habar berjekdigini aýtdy.

Şunuň bilen gürrüň gutardy.

Soltan seljuklylary Heýtelede galdyryp, goşunynyň öňüne düşüp Gazna gitdi.

Seljuklylaryň begençleriniň çägi ýokdy. Olar gazanylan ýeňiş bilen biri-birini mübärekleýärdiler.

* * *

Soltan Mahmyt Gaznaly Arslan hanyň ýabgulygyny hem ykrar edipdi, ony ähli seljuk jemagatlarynyň ýabgusy diýip atlandyrypdy.

Soltanyň bu ynamy – gaty uly ynamdy. Başbuglaryň wezipesi soltanyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmekdi.

Wezipe gaznaly şalygynyň çäklerini giňeltmekdi. Günbatardaky büweýh, kaku, rawwat, bawan, musafir (salar), ziýar şalyklaryny [14] gaznaly soltanlygynyň tabynlygyna girizmekdi. Wezipe bu kiçi soltanlyklary Gazna soltanlygynyň tabynlygyna geçirmek bilen hem çäklenmeýärdi. Başbuglar petih kylan ýerlerinde gaznaly soltanlygynyň tarypyny ýetirmelidi we Hindistana, Rumustana jihat etmek üçin köp esger, gulam taýýarlamalydy.

Arslan han soltan Mahmyt Gaznala bäş ýylyň içinde özlerine ynanylan zatlaryň ýerine doly ýetiriljekdigine, Günbatardaky kiçi döwletleriň, nesip bolsa, teshyr kylynyp, gaznaly soltanlygynyň tabynlygyna geçiriljekdigine kepil geçdi.

* * *

Seljuk jemagatlary Balkanda Mahmyt Gaznalynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin gujur-gaýratlaryny gaýgyrmadylar, köpsanly galalary, şäherleri petih kylyp, olardan alnan oljalary Gazna gönderdiler. Iki-üç ýyldan soň Gazna soltanlygynyň ýyllyk girdejisiniň köp bölegi seljuk jemagatlarynyň ýygnaýan oljalaryndan ybarat boldy.

Seljuk jemagatlary has uzaklara gitdiler. Çagry begiň başbuglygyndaky jemagat üç ýylyň içinde Wizantiýa kaýsarlygynyň tabynlygynda bolan ermenileriň Waspuragan we Ani korollyklary bilen gazaply darkaşlar gurup, olary özüne tabyn eýledi we olary uly möçberlerde paç tölemäge mejbur etdi [15].

Çagry beg özüne tabşyrylan işi üç ýylda bitirip, mundan buýanky etmeli işleri Dana Mansura tabşyryp, Azerbaýjandan Mawerannahra dolandy.

* * *

Soltan seljuk başbuglaryndan, jemagatlaryndan hoşaldy. Onuň uly hormat goýmagy, musulman dünýäsinde at-abraýlarynyň artmagy garşydaşlaryň döremegine sebäp boldy. Pyntygyň geljekki miwäniň alamaty bolşy deýin, at-abraý gazanmak, iliň öňüne düşmek hem özüňe duşman, garşydaş gazanjakdygyň alamaty. Hakykatdan hem seljuklylaryň at-abraýlary artdygyça garşydaşlary-da köpeldi. Olar kä açyk, kä misginlik bilen seljuklylaryň bagtlaryna boran ýagdyrmagyň kül-külüne düşdüler, soltan Mahmyda seljuklylaryň «eden-etdilikleri» hakda

birsyhly habar ýetirip durdular. Soltanyň iň ýakyn emiri, Hyradyň gaýduwsyz häkimi Ahmet Jazyp pikirini açyk aýtdy:

– Siz kynyklara gaty uly ynam bildirýärsiňiz, soltanym. Olar birden size garşy baş göteräýmesinler?! Meniň eşiden habarlaryma görä, olaryň pygyllary düzüw däl. Seljuklylary, iň gowusy, Amyderýadan Horasana geçirmeli däldik, olary Amyderýa gark etmeli ýa-da ok atyp bilmezleri ýaly, ählisiniň başam barmaklaryny kesmeli.

– Olar biziň doganlarymyz ahyryn! Olar hem edil biz ýaly oguzlar ahyryn! Gör, sen nähili doňýürek ekeniň – diýip, soltan iň ynamdar, iň batyr emirine garşy çykdy [16].

Her kim maksadyna bir ýol bilen ýetýär. Kim başa-baş söweşlerde darkaşyp ýetýär, başga biri köşkde «saman astyndan» suw goýberip ýetýär. Seljuk begleri Balkanda söweş-petih edýärdiler, olaryň duşmanlary bolsa köşkde olara garşy göreşmegiň – ýeňmegiň her hili ýollaryny gözleýärdiler. Soltanyň seljuklylaryň wepadarlygy hakdaky berk ynamyna talaň salýardylar. Seljuklylaryň edýän «talaňçylyklary» hakda ýerli ilatdan köşge birsyhly arza-şikaýat barmagyny gurnaýardylar, ol arza-şikaýatlar günübirin soltana ýetirilýärdi.

Farawda ýerli ilat gozgalaň etdi. Bu gozgalaňy eden ýerli ilat bolsa-da, soltana seljuklylaryň eden-etdiliginiň biri hökmünde habar berildi.

Seljuklylar işleriniň küşatlygy, rowaçlygy üçin bahyllaryň duşmançylygynyň ejirini çekmeli boldular.

## Ikinji duşuşygyň beýany

1022-nji ýyl.

Soltan Mahmyt Gaznalynyň Ysraýyl ýabgu – Arslan han bilen ikinji duşuşygy Samarkant şäheriniň eteginde bolup geçdi. Soltan özüniň Arslan hanyndan onuň tabynlygyndaky başbugluk ygtyýarlyklaryny alyp, Balkan daglaryna giden seljuk begleriniň bäş ýyldan gowrak wagtyň içinde bitiren işleri hakda hasabat sorady. Gürrüň örän gysga boldy.

*«Soltan Arslan hany mynasyp garşylap:*
*– Eger bize kömek gerek bolaýsa, näçe ýygyn berip bilersiňiz? – diýip, Ysraýyldan soraýar.*
*Ysraýyl sagdagyndan bir oky çykaryp:*
*– Şu oky ýollasaňyz, Balkandan otuz müň goşun geler – diýipdir.*
*– Eger köpräk gerek bolsa?*
*– Onda şu oky ýollasaňyz, ýene on müň atly-ýaragly ýigit geler.*
*– Eger has köpräk goşun gerek bolsa?*
*– Şu oky Balkan daglaryna iberseňiz, ýüz müň goşun geler.*
*– Has köp goşun gerek bolaýdy-da?*
*– Şuny Türkmenistana iberseňiz, bäş ýüz müň atly-ýaragly goşun diýseň-de geler – diýip, Ysraýyl başga bir ok berýär».*

**Muhammet ibn Aly ibn Süleýman Rawendi.**
**Göwünleriň rahaty – şatlyklaryň ganaty. 1-nji jilt.**

Arslan hanyň başarnygy – mundan bäş ýyl öňki beren sözünde tapylanlygy, hiç hili nyýaz bermesizden şeýle köp mukdarda goşun jemläp biljekligi soltan Mahmyt Gaznalyny howpurgatdy, wezir-wekilleriniň birsyhly maslahatlaryndan soň, ony agöýli hökmünde saklamagy makul tapdy. «Ýabguny ýanyndaky ýüz otuz sany haşymy hemem ogly Gutulmyş bilen mundan bir ýyl öň teshyr eýlän Hindistandaky Kelejar galasyna ugratdy» [17].

Soltan seljuklylara ilçi iberdi. Ilçi soltanyň seljuklylary hormatlaýandygyny, bitirýän hyzmatlaryna ýokary baha berýändigini, şeýle-de bolsa ata-baba resimine eýerip, Ysraýyl ýabguny ýüz otuz haşymy, ogly Gutulmyş bilen agöýli hökmünde saklamaga borçludygyny, bu hakda öň aýdandygyny, ylalaşandygyny, «tabynlygyňyzy we çyn ýürekliligiňizi öňküden hem artdyran ýagdaýyňyzda, mümkin boldugyça gysga wagtyň içinde olara patyşa sowgatlaryna laýyk derejede yzyna gaýtmaga rugsat beriljekdigini» [18] aýtdy.

Seljuklylar «soltan Mahmydyň abraýyny, güýjüni we beren sözüni ýerine ýetirjekdigini göz öňünde tutup, ilçä köp möçberde sylag-serpaý berip, özleriniň mundan beýlägem gulluga çyn ýürekden taýyndyklaryny, edýän hyzmatlaryny kemmejekdiklerini aýan etdiler. Olar ilçä: «Soltanyň ähli permanlaryny ýerine ýetirmegi özümiziň wezipämiz hasaplaýarys. Biziň hemmämiz onuň sadykat gullarydyrys» diýdiler. Soltan Mahmyt dirikä oňa garşy çykmadylar» [19].

## 3. Hun

*Birinji rowaýat*

Möjek özünden ejiz bolan şagaldyr tilkini dalap-dalap çalajan edensoň, sürenine eltip, güjükleriniň ygtyýaryna berýär. Güjükler başda howatyrlanýarlar, soň nätanyş bilen basalaşyp görýärler welin, görseler, olarda asyl ysgyn-deramat ýok. Gü-jükler garşylyk görkezmäge ragbaty bolmadyk şagaldyr tilkini dalamaga başlaýarlar, derrewem ýyrtyjyny çekeläp-çekeläp öldürýärler. Şeýlelikde, möjek güjükleri gorkyny bilmän, ynam bilen topulmagy endik edinýärler. Ynam – ikinji güýç. Ynam – güýjüň ýarysy, ýeňşiň ýarysy. Ynam bilen garpyşylanda garşydaşyň howy basylýar.

Mykaýyl beg ogullary Dawutdyr Muhammet bilen günde-günaşa basalaşardy, «gäwür-gäwür» oýnuny oýnardy, şonda iki dogan äpet göwreli Mykaýyl begi ýeňerdiler. Olar kakalarynyň üstlerine çykyp, aman soramagyny talap ederdiler. «Gäwür» aman berilmegini özelenip-özelenip sorardy. Gardaşlar: «Gäwüre aman bermelimi ýa bermeli däl?!» diýip, maslahat ederdiler. «Gäwür» sähel maý tapsa, turup gaçardy. Doganlar «gäwüriň» yzyndan kowardylar, yzyndan ýetip, «öldürýän» pursatlary köp bolardy. «Gäwür» birmeýdan ýatardy-da, soň ýerinden turardy. Ýöne bu gezek ýagdaý başgaça boldy. Ýagdaýyň başgaçadygyny doganlar bada-bat duýdular, duýmaz ýaly-da däldi.

Ine, Muhammediň kakasy arabanyň üstünde «gäwür-gäwür» oýnundaky ýaly, süýnüp ýatyr. Gözleri açyk. Döşüne hanjar urlupdyr, eşikleri, arabanyň köp ýeri gara gan. Muhammet kakasynyň öňki gezekdäkileri ýaly ýene ýerinden turmagyny isledi, ýöne kakasy turmady. Muhammet erbet bir zadyň gopandygyny syzyp howpurgady.

Seljuk ibn Dukak Muhammediň kakasynyň döşünden hanjary sogrup aldy-da, eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi.

– Babam turanok! – diýip, Muhammet çirkin bagyrdy. Onuň sesine Dawut ylgap geldi. Ol kakasyny yralap-yralap oýarjak boldy.

Seljuk beg töweregindäkilere azgyryldy:

– Nireden çykdy bular? Äkidiň başga ýere!

Dawut bilen Muhammediň haýyna-waýyna bakman olary daýzalarynyňka äkitdiler. Olaryň özleri aglap, özleri diňdi, olara hiç kim üns bermedi. Çünki şol wagt her kim Mykaýyl begi depin etmek bilen başagaýdy.

Şol günüň ertesi iki dogan gana bulaşyp ýatan hanjary atasynyň zyňan ýerinden tapyp aldy. Şol hanjar olaryň iň pynhan syryna öwrüldi.

Iki dogan alty ýyllap kakasyny öldüren adamy tapmak hem ondan hun almak maksady bilen ýaşady: «Kakamyzy öldüren adam kim?»

Şol gezek Mykaýyl beg Jent şäherine giden eken. Onuň Aly patyşanyň ýegeni Ýylmaz Ok bilen bazaryň derwezesiniň öňünde nämedir bir zadyň dawasyny edip durandygyny görüpdirler. Iki dogan kakasynyň Ýylmaz Ok bilen dawalaşyp duran pursadyny gören adamlar bilen duşuşdylar. Başga-da köp adamlar bilen gürleşip gördüler.

Ýylmaz Ok diýlen adamyň näjüre adamdygyny anykladylar. Ýylmaz Okuň süri-süri dowary, gylýaly bar eken. Şamälik Jendiň emiri bolansoň, onuň ýegeniniň towugyna tok diýip bilýän adam ýok eken. Ýylmaz Ok Jent şäheriniň bir kirwe günortasynda ýerleşýän Meleket atly kiçeňräk obada ýaşaýan eken. Ýylmaz Okuň ejesi nämedir bir zada gahar edip, gije uklap ýatan ärini pyçaklap öldüripdir. Ýylmaz şondan soň ejesinden gorkuda ýaşapdyr.

Ol meýlis guramakdan, şol meýlislerde özüni wasp etdirmekden aşa lezzet alypdyr.

Dawut Meleket obasyna gelip, kakasynyň döşünden sogrulyp alnan hanjary obanyň dört-bäş adamyna görkezdi. Adamlar hanjary içgin synlap: «Bu hanjar Işşat demirçiniň ýasan hanjary. Häzir demirçi ýok. Ol mundan üç ýyl öň ýogaldy. Işşat ussanyň kime ýasap berendigini takyk bilmeýäris. Hanjar gaty yhlas edip ýasalypdyr. Diýmek, hanjar garamaýak adam üçin-ä ýasalan bolmaly däl» diýdiler.

«Kimiňki bolup biler?»

«Obamyzyň kethudasy, Şamäligiň ýegeni Ýylmaz Okuňky bolmagy mümkin»

* * *

Ýylmaz Ok bir gün uly toý edip, Daşpolat atly ýalňyz ogluny öýerdi. Toýa Şamäligiň hut özi bekewüllik etdi.

Jent sebitinde öň köp görünmedik Muhammet toýa bezenip-beslenip bardy. Egnindäki eşigine, saý atyna seredip, ony dereje-mertebe bilen garşy aldylar. Ol özüni «Balhly bezirgen» diýip atlandyrdy.

Toý desterhanyna her dürli tagamlar çekildi, iýlip-içildi. Toý beýemçisi Togrula ýüzlendi:

– Balhly ýigit, biziň ilde şeýle bir äp-däbi bar: toýdaky agyr naharlardan soň, alysdan gelen myhmana kesdirip, buz ýaly garpyz iýýäris.

– Çoh gözel dessuryňyz bar eken. Siziň bu dessuryňyz hakda eşidipdim. Dogrusy, häzirem garpyz iýip bolmazmyka diýip göwün ýüwürdip otyrdym. Belki, maksadyma ýeterin... – diýip, Togrul bilindäki lowurdap duran hanjary eline aldy. Ol toýa baranda-da garpyzly dessura bil baglap barypdy. Togrul hanjary oturanlara güýjeňleýän ýaly, galgadyp-galgadyp, garpyz dilimledi. Oturanlaryň nazary hanjarda eglenen bolsa-da, ol hakda ýagşydan-ýamandan dil ýarylmady. Onsoň onuň özi dil ýarmaly boldy: ol gapdalynda oturan ýüzi birki sany tyg yzly goja ýüzlendi:

– Tagsyr, hanjarymy neneň gördüňiz? Men bu hanjary mundan alty ýyl owal siziň obaňyzdan o diýen uzakda bolmadyk düşlegden tapdym. Kimdir biri ýadyndan çykaryp gidipdir muny. Dogrusy, bu hanjary menden köp gezek satyn aljak boldular, ýöne men satmadym, eýesini tapyp gowşurmak isledim.

Ýüzi tyg yzly goja hanjary synlady:

– Hanjaryň-a şu töweregiň hanjary. Işşat ussa ýasardy şeýle hanjarlary.

– Dogry, dogry, Işşat demirçiň ýasan hanjary ol – diýip, oturanlar ýerli-ýerden ýüzi tyg yzly gojanyň sözüni makulladylar.

– Ýylmazyňky bolaýmasyn?!

– Be, şo hanjaryň-a maňa gaty tanyş görünýär – diýip, Ýylmaz Ok hanjary eline aldy, eýlesine-beýlesine seretdi. Soňam Togrula şübheli nazar aýlady: – Beg ýigit, sen Balhdan geldim diýdiň-ä?!

– Biz bir gezende adam, tagsyr – diýip, Togrul sowuk jogap berdi.

– Hanjar meniňki. Muny Işşat ussa ýasapdy. Ol görgüli ýogaldy. Ýöne obamyzyň adamlarynyň ählisem onuň ýasan hanjarlaryna beletdir.

– Tagsyr, seniňkidigine doly göz ýetirmesem, men bu hanjary saňa berip bilmerin. Men bu hanjaryň hakyky eýesini tapmaly.

– Haý, balhly bezirgen, sen bir hanjaryň gürrüňini edýärsiň. Meniň beýle hanjary galdyran, zyňan ýa sowgat beren gezeklerim az bolan däldir, durmuşda. Bermeseň, berme. Goý, bu hanjar seniňki bolsun. Meniň bu gün ýiten bir hanjaryň dawasyny edesim gelenok.

– Dogry aýdýarsyň, gep hanjarda däl, gep adalatda.

– «Adalatda» diýdiňmi? Ol nämäniň adalaty? Şu günki alýan hatynymyzyň ady Adalat. Sen şonuň-a gürrüňini edýän dälsiň? Ha-ha!

Oturanlar gyzyl-gyran gülüşdiler.

Ýylmaz Ok elindäki hanjary balhly bezirgene berermen bolup uzatdy, ýöne soň ýene yzyna alyp, hanjary synlady:

– Şuş-şu pilleki ýaly ýadymda, hanjaryň ýüzüniň, ine, şu ýeri gädilip durandyr. Muny oglum ümbilmezlik edip daşa urup-urup gädipdi. Daşpolat, ýadyňdamy, şu gädik – diýip, ol öýlenýän ogluna – özünden üç adam aňyrda oturan mor sakgal-murtly, deşli ýigide ýüzlendi. Öýlenýän ýigit, megerem, ýadyna salyp bilmedi, ol esli salym böwrüne diň salyp oturdy, soňam kakasynyň göwni üçin makullap öwran-öwran baş atdy.

– Bezirgen ýigit, ýitigimi tapanyň üçin sen menden nämedir bir zat hantamamyň?

– Elbetde. Hökman bermeli bolarsyň. Hantamaçylyk däl bu.

– Näme isleýärsiň?

– Ony kazy çözsün!

– Bir hanjar üçin kazylaşyp ýörüp bolmaz-a!

– Bolar! Beriň maňa hanjary!

– Hanjar meniňki, ýöne onuň maňa geregi ýok, goý, ol seniňki bolsun, bezirgen.

– Maňa başganyň zady gerek däl. Eger hanjar hakykatdan hem seniňki bolsa, onda ony ynandyrmaly bolarsyň.

– Ine, şu oturanlar meniň şaýatlarym. Saňa başga nähili şaýat, başga nähili ynandyrma gerek?

– Seniň ýalňyşýan bolmagyň mümkin.
– Alla kessin, şu hanjar meniňki.
– Hany, hanjarly gürrüňi bes ediň – diýip, Şamälik emir gaharlandy. – Eý, balhly bezirgen, isleseň, men saňa on-on bäş hanjar bereýin, ýöne dawaňy goý indi. Iý, iç, göwnüňi hoşla.
Balhly bezirgen kejirlik etdi, ol Ýylmaz Oka ýüzlendi:
– «Hanjar meniňki» diýip ýalan sözlediň.
Balhly bezirgeniň bu sözi öý eýesiniň degnasyna degdi:
– Eý, bezirgen, sen näme diýýärsiň?! Men hiç wagt ýalan sözlemeýärin. Bilip goý şuny!
– Hanjary ber! Kazynyň emri bolmasa, men saňa hanjary bermerin.
– Kazy uzak ýerde däl! Ol hem, ynha, aramyzda otyr – diýip, Ýylmaz Ok oturanlaryň arasyndaky oturan altmyş ýaşlaryndaky hortap, köseleç kişini görkezdi.
Kazy özüniň bir söz diýerine garaşylýandygyny duýsa-da, howlukman bir kesim garpyz iýdi. Soň başlabereýinmi diýen terizde Ýylmaz Oka nazar aýlady. Onuň baş atyp öndemesinden soň söze başlady:
– Eý, bezirgen ýigit, musulman aňsat-aňsat ant içýän däldir. Ant – sözüň gutaran ýeridir. Ant – musulmanyň iň soňky ynanç sütünidir. Musulmanyň antyna ynanmazlyk etmek külli günädir. Siz häzir günä gazandyňyz, çünki uly iliň hormatlaýan abraýly adamyna ynanmazlyk etdiňiz...
– Eý, kazy, alty ýyldan soň men şu ýere şu hanjaryň hak eýesini idäp geldim.
– «Hanjaryň hak eýesi men» diýdim-ä men saňa! – diýip, Ýylmaz Ok sesine bat berdi.
– Ýylmaz, biz hanjaryň seniňkidigine, seniň hiç wagt ýalan sözlemejekdigiňe ynanýarys. Ýöne bu ýigidiň hanjary näme üçin alty ýyllap gizläp saklandygy maňa gaty düşnüksiz – diýip, kazy bir toý eýesine, birem Togrula seretdi.
– Hanjaryň hakyky eýesiniň Ýylmaz Okdugyna güwä geçýän bolsaňyz, onda onuň sebäbini men size aýdyp bilerin.
– Aýt, aýt, güwä geçýäris.
– Meniň hak musulman adym Muhammet. Hünär görkezip Togrul diýen oguz ady aldym. Meniň kunýam [20] Mykaýyl bin Seljuk bin Dukak. Men Seljuk begiň agtygy! Indi hanjary alty ýyllap näme üçin saklandygymyň sebäbini aýdaýyn. Mundan alty ýyl öň men on iki ýaşymdadym, ýaşdym. Ähli zat edil şu günki ýaly, göz atuwymda dur meniň. Babam Jende arabaly gidipdi. Ony ýolda Ýylmaz Ok öldüripdir. Özem şu hanjar bilen öldüripdir. Babamy öldürip, arabasyna ýükläp gyşlagymyza ugradypdyr. Men: «Babam geldi. Bazardan süýji getirendir» diýip begendim. Atam dagy arabanyň daşyna aýlandylar. Baryp görsem, babam – Mykaýyl beg arabada ýatyr. Döşünde-de, ine, şu hanjar bar eken. Atam Seljuk beg bu hanjary babamyň döşünden sogrup aldy-da, zyňyp goýberdi. Doganym Dawut bilen bu hanjary gizläp sakladyk. Mundan alty ýyl öň men babamyň başujunda durup, hununy almaga ant içdim. Şol mahal babamy öldüren adam bilen ýüzleşmäge, hun talap etmäge men gaty ejizdim. Ýöne men alty ýyllap ar almaga maýyl bolup ýaşadym. Bu gün gerçek çykdym. Bu toýa men hun talap bildirmäge geldim. Obaňyzyň daşynda meniň müň ýigidim yşaratyma garaşyp otyr. Meniň arkamda häzir-ä müň atly ýigit dur. Zerurlyk dörese, ýigitleriň sanyny on müňe, ýigrimi müňe-de ýetirip biljek Seljuk atly neberäm bar. Atam Seljuk beg ölmezinden burun ýörite wesýet etdi. Ol: «Käbir kişi keramatly Allatagalanyň, arap hökümdarlarynyň adyna duwlanyp, diňe öz bähbitleri, baýamak, köpden-köp baýlyk ýygnamak üçin garamaýak kişilere sütem edýärler, gözlerine ýakymly zat görseler, adam öldürmekdenem gaýtmaýarlar. Ogullarym, siz Aly patyşa, onuň ogly Şamälik ýaly diňe baýamak üçin hars urýan, ile sütem edýän näletkerdelere garşy galkan boluň. Sogap gazanyň» diýdi. Ýylmaz Ok babamy diňe baýlygyna göz gyzdyryp öldüripdir, onuň ýanyndaky ähli dinarlaryny alypdyr. Bu ojagyň baýlygy – nähak gan dökülip gazanylan baýlyk.
Toý ýasa öwrüldi.
– Toýumy ýasa öwürdiň! – diýip, Ýylmaz Ok hažžyk deýin çişdi.
– Kazy, hunuň diýesini [21] aýt! – diýip, Şamälik azm urdy.
– Hunuň diýesini bilmeýän barmy näme! Bu seljuk ýigidi hem bilýän bolmaly.
– Bilip soraýan bolsam, diýmek, şol gerekdir. Hunuň diýesini aýt diýýärin men saňa!
– Üç ýüz dinar.
– Eý, Seljuk dogmasy! Eşitdiňmi! Häzir teblehana bakan ugra. Saňa şol ýerde üç ýüz däl, alty ýüz dinar gowşurarlar.
– Maňa dinar gerek däl! Maňa başa-baş hun gerek. Dinarym kän meniň. Men Ýylmaz Okuň diňe bir öýüni ýa özüni däl, Meleket obasyny bir depim gumy bilen satyn alyp bilerin. Dinar diýeniň näme! Men babamy öldüren pelitden hun isleýärin. Ganyny jorladyp akdyrmak, öldürmek isleýärin.

Bu ýerde edilen gürrüň eýýäm toýa gelenleriň ählisine ýetipdi. Ähli kişiniň başy aşakdy. Topar-topar bolup, hyşy-wyşy edýärdiler. Aýallar welin, zaryn-zaryn orlaşýardylar.

– Oba ýagy çozdy! – diýip, daşarda yzan-da-çuwanlyk döredi.

Atlaryň dükürdileri ýer sarsdyrýardy.

Şamälik emir Togruldan sorady:

– Seniňkilermi?

– Meniňkiler.

– Bu näme etdigiň?

– Meniň oba gan çaýkamak niýetim ýok. Maňa hunumy berseňiz, bir adamyň hem burny ganamaz – diýip, Togrul beg parahat jogap berdi.

Kazynyň kethudalygynda dört-bäş ýaşuly Togrula töwellaçy boldy:

– Beg ýigit, alty ýyl garaşypsyň. Gaýrat edip, ertire çenli ýene garaş. Toýy geçireli. Ertir hunuňy bereli.

Togrul esli salym oýlandy:

– Ýaşulular, men siziň töwellaňyzy alaýyn. Goý, siziň diýeniňiz bolsun, häzir gaýdaýyn. Ertir daňdan gelerin.

– Gaýrat et, ogul!

– Ýaşulular, siz bir zady magat biliň! Hunumy alýançam obaňyzdan ýeke adamy-da çykarjak däldirin.

– Myhmanlarymyz bar-a?!

Togrul beg sesine bat berdi:

– Hun alýançam, hiç kim obadan çykmaz! Düşnüklimi?

– Gidiber – diýip, Şamälik dişinden syzdyryp aýtdy.

Togrul beg ýigitleri bilen obadan çykyp gitdi.

* * *

Obanyň ähli adamy daň bilen Ýylmaz Okuň daş işigine ýygnandy. Şamälik emir hem iki ýüz töweregi atly haşymy bilen hyrçyny dişläp durdy.

Ol elinden gelse, Oguz handan gelýän hun dessuryna boýun sunjak däldi, Togruly düýt-müýt etmekçidi, ýöne seljuklylaryň müň sany atlysynyň bardygy üçin dymmagy, ýaraga ýapyşmazlygy makul bildi.

Hana, Togrul geldi!

Ýeke atly!

Arkasynda – obanyň daşynda müň atly bar!

Ähli kişiniň nazary Togruldady. Ol gaty arkaýyndy. Ol gaty erkindi.

– Togrul, päliňden gaýt! – diýip, Şamälik emir azgyryldy.

Wezir-wekiller, oba kethudalary oňa töwella etdiler, köşeşdirmäge çalyşdylar.

Ýylmaz Ok düýnki Ýylmaz Ok däldi. Bir gijede gözleri içine çöküp, egbarlapdy.

Ilkinji gijäniň mazasyny bilmän geçiren Daşpolat gahardan ýaňa titir-titir edýärdi:

– Baba, saňa gaharym gelýär meniň. Toýumy ýasa öwürdiň. Masgara etdiň meni. Bu masgaraçylygy çekenden ölenem ýagşydyr. Saňa şo hanjar nämä gerek boldy?

– Wa-hasrat-a, maňa o hanjaryň gerek ýeri ýok.

– Onda näme üçin dyzadyň durduň?

– Ol meni mejbur etdi.

– Gysgançlygyň başyňa ýetdi seniň.

– Takdyr bu. Men ölmeli boldum. Yzyma eýe dur, oglum. Ähli baýlyklarym seniňkidir.

– Hazynaň nirede?

– Teblehanadyr – diýip, Ýylmaz Ok pyşyrdap aýtdy. – Meňsepen gysragyň duran ýeriniň günbataryndan iki zyrag gazsaň, taparsyň.

Kazy öz işine girişdi:

– Eý, seljuk begi! Ine, hun almaly adamyň – Ýylmaz Ok – Meleket obasynyň ýaşaýjysy, elli dört ýaşynda. On dokuz ýaşynda bir ogly bar. Üç sany gyzy bar, gyzlaryndan ýedi sany agtygy bar. Üç gyzy durmuşa çykan, körpe gyzy entek öýünde. Ynha, ogly, ynha-da, gyzlary, agtyklary – diýip, kazy ýeke-ýekeden görkezdi. – Hunuňy nähili almak isleýärsiň?

– Babamy öldüren haýynyň haýy gidip, waýy galypdyr, maňa onuň jany – ýalňyz ogly gerek.

– Eý, meniň günäm näme? – diýip, Daşpolat ör-gökden geldi. – Näme üçin men ölmeli? Men hiç kimi öldürmedim!

– Mert bol, oglum, mert bol!
– Ýok, ýok, meniň ölesim gelenok. Özüň mert bol, özüň öl!
– Ýuwaş, adamlar bize seredip dur!
– Seretse seretsin! Meni hapa işleriňe goşma! Goý, kim günäkär bolsa, şol hem jezasyny çeksin. Men hiç kimi öldürmedim. Men ýaşajak. Düýn öýlendim-ä men. Maňa ölmek bolmaýar.
Daşpolat ýaraly ýolbars bolup kakasynyň üstüne topuldy, çem gelen ýerine urmaga başlady. Ony bäş-alty kişi zordan saklady.
Düýnki töwellaçylar ýene Togrulyň ýanyna geldi:
– Seljuk begi, senden ýeke towakgamyz bar.
– Indi näme?
– Hunuň jesedini bize ber. Biz ony musulmançylyk sünneti bilen depin edeli.
– Bu haramynyň özem, neberesem musulman mazarlygynda ýatmaga rowa däl.
– Senden towakga edýäris: ilki bilen-ä, çagalaryň ýanynda öldürme. Ikinjidenem, jesedimizi özümize ber.
– Birinji towakgaňyzy kabul edýärin. Ikinji towakgaňyzy meniň ýeke özüm çözüp bilemok. Men muny häzir öz kethudalarymyň ýanyna elterin. Şolar näme etmelidigini çözerler.
– Onda öz kethudalaryňa biziň towakgamyzy ýetir.
Togrul Ýylmaz Okuň janyny – ýalňyz ogluny atyň öňüne salyp, alyp gaýtdy.
Daşpolat – daş-polat däl eken, ol kakasyna nälet okaýardy, oňa hapadan-hapa sözleri aýdyp sögýärdi. Ýylmaz Ok bagryny paralap, hünibirýan aglaýardy.
Şondan iki gün geçensoň aladaňdanlar Ýylmaz Ok bagryny paralap amanadyny tabşyrdy.
Meleketliler Ýylmaz Oky jaýlamak üçin obadan alyp çykdylar. Obadan çykan ýerlerinde gölegçileriň öňünde üsti tabytly düýe peýda boldy. Bu üsti tabytly düýe mundan iki gün owalan bu obanyň ýaşulularynyň Togruldan eden ikinji towakgasy boýunça ugradylypdy...

## 4. Ýusup ýabgunyň huny
### *Ikinji rowaýat*

Soltan Mahmyt Gaznaly Arslan ýabguny agöýli hökmünde Hindistanyň Kelejar galasyna ugradansoň, seljuk begleriniň agzybirligi gowşar öýdüpdi, garahanlylar hem şu pikirdediler.
Seljuk begleri geňeş geçirdiler, Ýusup begi ýabgu göterdiler.
Ýusup beg Seljuk begiň üçünji ogludy, ol duşmanlaryň pikir-talwaslaryny ýalana çykardy: hersi bir kelle, hersi bir dünýä hasaplanan kynyk begleriniň özüne tabyn bolmaklaryny başardy.
Seljuk begleriniň garadangaýtmazlygy, jebisligi Buharanyň häkimi Alytegini biçak howsala saldy. Ol şäheriň on sekiz agaç demirgazygynda öňünde durup bolmajak ýowuz jemagatyň aýsaýyn güýjemeginiň, köpelmeginiň nädip öňüni alyp bolar diýen pikir bilen ýaşaýardy. Ol bu hakda öz adamlary bilen günde-günaşa geňeş edýärdi. Gutarnykly çözgüt tapyp bilenokdy. Seljuklylaryň gaznalylar bilen gowy gatnaşykda bolmagy onuň kejebesini hasam daraldýardy. Bu gowy gatnaşygyň arasyna çöp atmagyň zerurdygyna düşünýärdi.

* * *

Alyteginiň Alp Gara atly emiri bardy. Ol samanlylar döwründe özüniň gözsüz batyrlygy, rehimsizligi, harsydünýäligi bilen ýakasyny tanadandy.
Alp Gara Hazarasp şäherinide ýaşaýan Ärsabyr Ärsak atly bir täjiriň on ýedi ýaşyndaky ýalňyz ogluny elli dinaryna göz gyzdyryp öldüripdir. Şonuň üçin hem bu gün şäheriň ortarasynda Alp Garany dardan asýardylar. Alp Garanyň jezalandyrylyşyny görmek üçin Hazaraspyň golaý-goltumyndaky obalardan hem gelipdiler.
Bu jeza berişligiň geçiriljek güni Togrul beg dört ýüz haşymy bilen Hazaraspdady.
Togrul beg Alp Garanyň elewremesini hyrçyny dişläp synlady.
Hana, dar agajynyň aşagynda her egninde bir adam ýerleşjek peşeneli, uzyn boýly, otuz-otuz bäş ýaşlaryndaky nazarkerde bir kişi gözünden boýur-boýur ýaş döküp, eden etmişine ökünýändigini öwran-öwran nygtap, Ärsabyr Ärsakdan, şäher kazysyndan aman soraýardy.

Ajalyň öňünde Alp Garanyň oguz adyna mynasyp durup bilmeýändigi üçin Togrul begiň myrryhy atlanýardy. Alp Gara Togrulyň içki pikirine jogap berýän ýaly, ýygnananlara ýüzlendi:

– Adamlar, men ölümden gorkup aglamaýaryn. Ýok, men yzymda bäş sany çyrçykly çaganyň eklençsiz ýetim galjakdyklaryna ýüregim awap aglaýaryn. Ýaşajyk çagalarym, garlawajyň jüýjejikleri ýaly bolup, her gün meniň bir zat eltip bererime garaşýarlar. Men bolmasam, bigünä çagajyklarym aç ölerler. Adamlar! Maňa haýpyňyz gelmese-de, çagajyklaryma haýpyňyz gelsin. Hunumy töläp, meni halas ediň! Men siziň gapyňyzda ömrümiň ahyryna çenli mutyg guluňyz bolaýyn.

Alp Gara bu sözlerini zol-zol gaýtalaýardy.

Togrulyň Alp Gara nebsi agyryp, onuň hununy töläp, halas etmek isledi. «Görgüliniň ýaş çagalary hossarsyz galmasyn» diýip, ol ýanyndaky ýigitlere sala saldy. Hiç kim oňa kesgitli söz aýtmady. Kesgitli netijä özi gelmeli boldy.

– Men bu kişiniň hununyň diýesini töläýin. Bu ýigit gaýratly görünýär. Köp-köp işleri bitirip biljek ýigide meňzeýär bu. Muny özümiz üçin peýdalanaly. Beýle gaýratly ýigitler köp däl.

Togrul beg Alp Garanyň hununyň diýesini – üç ýüz dinar töledi.

Şäheriň kazysy Togruldan ýene ýüz dinar talap etdi.

– Ähli ýerde hunuň bahasy bir nyrh ahyryn? – diýip, Togrul nägilelik bildirdi.

– Üç ýüz dinar – bu hunuň öwezi. Biz nyrhdan çykmaýarys. Ýöne Alp Garany aldap, Hazaraspa getirmek üçin Bahadur Pählewana ýüz dinar berdik.

Bahadur Pählewan diýlen kişi kazynyň sözlerini tassyklap baş atdy.

Alp Gara Togrulyň yzyna düşdi. Onuň hyzmatynda boldy. Iki aýdan soň: «Çagalarymdan habar alyp geleýin» diýip, Buhara gitdi. Dört aýdan soň Togrulyň tölän dört ýüz dinarynyň üstüne otuz dinar goşup berdi:

– Togrul, meni halas eýle. Men çagalarymyň ýanynda bolaýyn. Sen maňa doganyň edip bilmejek ýagşylygyny etdiň. Bu ýagşylygyň üçin men islän pursadyň gelip hyzmatyňda duraryn. Men seniň mutyg guluňdyryn – diýip, ol Togrul begiň öňünde dyza çöküp, özüniň wepadarlygyny tekrarlady.

Olar öz aralarynda ähtleşdiler. Şol äht boýunça Alp Gara Alyteginiň gullugynda durmaly we ol ýerde näme gürrüň edilse, seljuklylara habar ýetirmeli. Şeýdibem Alp Gara özüne edilen ýagşylygyň öwezini dolmaly. Alp Gara özüniň seljuklylara garşy hiç wagt gylyç götermejekdigini, gaýtam, goldaw berjekdigini zol-zol gaýtalap, wepadarlyk antyny içdi. Şondan soň Togrul beg Alp Garany azat eýledi.

Alp Gara Alyteginiň gullugynda durdy, seljuk beglerine Alytegin barada üýtgeşik maglumat gerek bolsa, başarnygyny gaýgyrmady.

* * *

Alytegin Ýusup bin Seljugyň ýanyna çapar ýollap, köp-köp zatlary wada berip, özüne imrindirmäge çalyşýardy.

Togrul begiň adamlary Alp Gara bilen ogryn duşuşdy, ondan Alyteginiň näme üçin Ýusup ýabgu bilen duşuşmak isleýändigini soradylar.

«Siz uly güýç. Şonuň üçin hem Alytegin siziň bilen dogan ýaly gatnaşmak isleýär. Gerek wagty ol sizden kömek almak, rahat ýaşamak isleýär. Siz kömege mätäç bolsaňyz, ol sizden kömegini gaýgyrmajakdygyna ant içýär». Alp Garanyň bu sözleri Alyteginiň öwredişi boýunça aýdýandygyny Togrul beg gümanam etmedi.

Geňeşiň unamasy boýunça Ýusup ýabgu Alytegin bilen duşuşyga çykdy. Başda duşuşyk Alp Garanyň diýşi ýaly boldy: Alytegin Alp Garanyň sözlerini gaýtalady. Ýusup ýabguwa kän-kän hedýe-engamlar ýapdy, dabaraly ýagdaýda emir Ynanç Baýgu diýen at berdi. Ony Nur etrabynyň ähli türkmenleriniň emiri diýip yglan etdi. Nur etrabynyň sähralyklaryndaky ähli obalary emir Ynanç Baýgunyň tabynlygyna berdi.

Alyteginiň çakdanaşa tarhanlygynyň aňyrsynda nähilidir bir «çöpjagazyň» ýatandygy bellidi, ýogsam beýle köp mukdarda engamyň, mülk ýerleriniň berilmejekdigi köre hasady. Bu hakda seljuk kethudalary köp kelle döwdüler. Ýöne olaryň tapyp bilmedik «çöpüni» Alyteginiň özi tapmaga hemaýat berdi. Ol söhbetdeşlikde Ýusup ýabguny öz dogany hasap edýändigini, ondan hiç bir zadyny gaýgyrmajakdygyny, parahat ýaşamak isleýändigini, ýöne Mawerannahrda parahat ýaşamak üçin Togrul beg bilen Çagry begiň aýylganç howpdugyny, ol ikisi öldürilmese, onda olaryň hiç bir zatdan gaýtmajakdyklaryny, Mawerannahra hökümdar bolmak üçin Ýusup ýabguny-da, Alytegini-de hökman öldürjekdiklerini nygtady. Soňam:

– Ynanç Baýgu, sen maňa ynan, Gurhandan ant içýärin, ogullyklaryň Togrul bilen Çagry ikisiniň bar pikiri seni öldürmek, özem olar seni masgara-wejera edip öldürmekçi bolýarlar. Hawa, hawa, olaryň

maksady iki-üç aýyň içinde seni hökman öldürtmek. Men bu hakda gaty ynamdar adamlardan eşitdim. Togrul: «Gürrüň hiç ýere çykmasyn» diýip, birki razdanynyň ýanynda ýüregini açypdyr. Sen bir gowy emir. Men seniň ölmegiňi islämok. Sen öldürilseň, men biçak gynanjak. Şonuň üçin saňa öňünden dostlarça, doganlarça duýdurmagy men öz borjum hasaplaýaryn. Nähili güýç, näçe goşun gerek diýseň, men saňa bereýin, men seni mydama goldaryn – diýdi.

– Men goşuny näme edeýin?

– Çagry bilen Togruly ýok etmegiň üçin!

– Olary men hut öz ogullarym ýaly görýärin, her hili ýagdaý bolanda-da men olara kast etmerin.

– Yşan, olar seni ýigrenýärler. Seniň ogluň Ybraýymy-da ýigrenýärler. Sebäbi sen olaryň enesine öýlendiň.

– Men resimi amal etdim.

– Men düşünýärin, ýöne seniň ogullyklaryň muňa düşünmeýär. Men saňa açyk aýdýaryn, sen olary öldürmeseň, olar seni öldürerler.

– Ýagynyň elinden ölenimden olaryň elinden ölenim müň paý gowy. Olar meni ýöne ýere öldürmezler. Onsoň hem olara ýabgulyk gerek bolsa, men olara islän pursady – häh-häzir hem berip biljek. Çünki olaryň ýabgulygyň hötdesinden geljekdiklerine berk ynanýaryn.

– Ynanç Baýgu, sen emir. Sen howlukma. Oýlan.

– Onuň üçin oýlanmak nämä gerek?! Herçent oýlansam hem olar babatda meniň pikirim üýtgewsiz bolar.

– Ýok, ýok, emir, sen oýlan. Men seni howlukdyrmak islämok. Sen olary assyrynlyk bilen yzarla. Şonda sen olaryň pygyllarynyň nähilidigine bahym göz ýetirersiň.

Ýusup kesgitli jogap berdi:

– Eger maňa beren engamlaryňyz şu maksat üçin bolsa, onda men olary yzyna ugradaryn. Sebäp men siziň bu möhümiňizi herçent oýlansam-da, bitirip biljek däl.

– Ol meniň möhümim däl, ol seniň möhümiň! Sen bahym meniň aýdan zatlarymyň hakdygyna göz ýetirersiň. Ýeri, bolýar, häzir desterhan başyna geçeli. Seniň üçin üýtgeşik tagamlar taýýarladyk.

Ýusup ýabgu Alyteginiň bu üýtgeşik teklibinden soň, onuň tagamyny iýmek hem islemedi, ýöne zol özelenip duransoň, onuň raýyny ýykmazlyk üçin saçak başyna geçdi.

Alytegin myhmanhanadan hajat zerurlygy üçin diýip çykyp gitdi-de, wagty bilen dolanmady. Orta çekilen dürli tagamlar sowady gitdi. Ýusup ýabgunyň hem işdäsi kesildi.

Alytegin uzak garaşdyryp, ahyry emir Alp Gara bilen geldi.

Ýusup beg olary görenden pälleriniň düzüw däldigine düşündi, ýöne eýýäm giçdi.

«Alyteginiň Ýusuby öldürmek baradaky emrini emir Alp Gara ýerine ýetirdi». [22]

* * *

Alyteginiň emri bilen Ýusup ýabguny Alp Garanyň öldürendigi baradaky habar Nura baranda jahan ýaňy ýagtylyp ugrapdy.

Seljuk kethudalary Musa begiň öýüne jemlenişdiler.

Hiç kimden ses çykanokdy.

Birden goňşy öýden – Çagry begiň öýünden çaga jägildisi çykyp ugrady.

Daşardan bir oral aýal içerdäkilere eşitdirmek üçin gaty gygyryp, hoş habaryny mälim etdi:

– Çagry begiň ogly boldy!

Içerdäkiler «Ýaşy uzyn bolsun!» diýen terzde Çagry bege buýsançly bakdylar. [23]

Çary begiň ikinji ogly Alparslan dünýä indi (Begiň uly oglunyň ady Gurt (Kawurt) bolmaly).

Çaganyň dünýä inmegini gowulyga ýordular.

Geňeş başlandy. Ol uzaga çekmedi, çünki maksat aýdyňdy. Ähli kişi şol bir sözi gaýtalady:

– Ar almaly!

– Beglerimize habar ýollaň!

Günüň dogup gelýän çagy otuzdan gowrak atly çapar çar ýana at saldy.

Musa beg Çagry beg bilen Togrul bege ýüzlendi:

– Ikiňiz merkezde duruň. Nasyr bilen Barat Alçak, Sibir bilen Güneş sag ganatda, Bekdaş, Peýkam dagy çep ganatda dursun. Ybraýym galsyn.

– Näme üçin men galmaly? – diýip, Ybraýym böküp ýerinden turdy.

– Ybraýym, sen düşün!.. – diýip, Musa beg sözüne biraz dyngy berdi.

– Ýok, men düşünýärin, siz düşüniň, men babamyň jesedine seredip oturyp biljek däl. Arymy almasam, men hiç ýerde-de özüme rahatlyk tapmaryn. Siz meni saklap bilmersiňiz. Men giderin, hökman giderin.

Hiç kim hiç zat diýmedi.

Ýusup ýabgunyň, onuň ýanynda giden ýigrimi haşymyň kellesini getirdiler.

Gana bulaşyp ýatan kelleleri, ahmyrdan doly açyk gözleri gören Togrul beg dälirän ýaly bolup bagyrdy. Ýer bagyrtlap nalyş etdi. Ýusup ýabgunyň kellesini bagryna basyp aglady. Soňam ümdüzine gitdi. Onuň elinden Ýusubyň kellesini alyp galmaga hazzar ýetişdiler.

Ony hiç kim saklamady.

Ony bu mahal hiç kim saklap hem biljek däldi.

* * *

Togrul beg obanyň atgaýtarym gündogaryndaky Ýekegazyk diýip atlandyrylýan beýik depäniň üstüne çykdy.

Ol Asmana ellerini serip, Allatagala mynajat aýtdy. Aýak üstünde durmaga ragbaty galmansoň, ýer gujaklap, perýat etdi. Ol üznüksiz samraýardy, onuň näme samraýandygyna hiç kim düşünmeýärdi, ýöne din hadymlary, ulamalar, ýaşulular: «Degmäň! Azar bermäň!» diýip, Togrula azar berdirmediler. «Bu ýerde üýtgeşik bir gudrat bar. Togrulyň wežde-çillä oturmasy [24] halatlylykdan alamat. Galanynam Wagt – Kadyr görkezer» diýdiler.

Hiç kim onuň ýanyna baryp bilmedi. Ol uzynly gijäni ýer bagyrtlap, üznüksiz dileg edip geçirdi. Şol günüň ertesi Togrul begiň ýatan ýeriniň üstünden hyma dikdiler. Ol öz üstünden hyma dikilendigini bilenokdy, göýäki erenler bilen gürleşýän ýaly samraýardy.

Onuň iýip-içmegi üçin gapdalyndan suw hem nan goýdular.

Togrul begiň bolup ýatyşy seljuk beglerini howsala saldy: onuň özüne gelmegine garaşdylar. Ýöne üç gije-gündizläp Togrul beg hiç zat iýmedem, içmedem, ol öz serinde däldi. Şol sebäpli hem onuň bilen hiç kim gürleşip-düşünişip bilmedi.

Togrul beg Hudaýtagaladan kakasy Mykaýyl begiň, kakasynyň doganlary Arslan ýabgunyň, Ýusup ýabgunyň küýsän Derwezata şalygyny döretmäge hemaýat bermegini mynajat etdi.

Mynajat – hylwaty söhbetdeşlikdi. Bu söhbet orny boýunça-da, wagty boýunça-da başga älemiň hakykatydy. Mynajat etmek bilen adam şu dünýäden arany açýar: dünýäniň giňişliginden başga bir, mundakylara nämälim hem elýetmez barlyga geç-ýär, ol wagtyň çäginden çykyp, älemüzre biwagtlyk mekanyna aralaşýar. Ol mekanda diňe mynajat edýän hem-de onuň gaýybana, ruhy söhbetdeşleri bar. Mundakydan bütinleý parhlanýan ol özge wagt – giňişlik çäginde adam, has dogrusy, onuň ruhy ýoklukdan barlyga – dünýä geçýär. Ol ýerde erenler-weliler bilen duşuşýar. Pany dünýäniň ýaşaýşyna serenjam berip, gözegçilik edip duran erenleriň öňünde mynajatçy öz ýüregini açýar. Welilere – Allanyň ýakynlaryna nazary düşen kişiniň kalbynda täsin, başga hiç bir ýerde, başga hiç bir halatda bolup bilmejek özgerişler, täsinlikler bolup geçýär. Munuň düýp manysy adamyň içinde – kalbynda baslygyp ýatan güýç-kuwwatyň ýokary galmagyndan, onuň bütinleý başga bir şahsa öwrülmeginden ybarat bolýar. Munuň özi daşlaryň astynda ýatan suwlaryň müňzäp, çeşme bolup atylyp çykyşyna meňzeýär. Ruhy gujury ýokaryk çykarýan – welileriň keramatly nazarydyr. Bu nazar seniň weliler tarapyn kabul edilendigiň, saňa dilegleriň amala aşmagy üçin ejaza berlendiginiň alamaty. Bakylyk nazary bilen panylyk nazary sataşanda, ynsan «hal» ýagdaýyna düşýär. «Hal» oňa wagtyň çäginden çykmaga, geljegi eliň aýasyndaky ýaly öňünden görmäge mümkinçilik berýär. Beýle görüş adamy gudratla, keramatla öwürýär.

Niýetiniň päkligine, ýüreginiň halallygyna, iň esasy-da, Alla üçin hoşnutlygyna göz ýetiren weliler ynsanyň niýetiniň amalyna izin berýärler. Onuň jan-jöwheriniň bakylyk sypatlaryny kemal edip, maksadyny berýärler. Bu gaýybana söhbetdeşlikden özge adam bolup, pany barlyga dolanan kişiniň öňünde durjak zat bolmaz! Çünki ol eýýäm halatly, onuň indi diýeni geler, edeni-de bolar. Erenleriň içiren şeraby onuň süňňüne dolup, ruhuny jöwherlendirer. Onuň ähli dilegi biter, barça hakykat oňa aýan görner. Onuň gören zatlary özgeler üçin syr bolar. Ol bu syry hiç bir kişä açmaz, diňe özüne erenleriň ak pata berendigini aýdyp, sözüni gutarar. Ol pany dünýäden giden ýerine, giden pursadyna başga adam bolup gaýdyp geler. Mundan beýläk onuň halatlydygy diňe ähli işleriniň rowaçlygynda belli bolar.

Hut şeýle-de boldy. Togrul beg üçünji gün namazşamlar meýden serhoş bolan dek entirekläp, zol-zol asgyryp ýerinden galdy, hymasyndan çykdy.

– Maňa ak pata berdiler! Eşidýärsiňizmi, maňa ak pata berdiler! Eşidýärsiňizmi? – Ol töweregindäki adamlary, gurlan hymany görüp geňirgendi: – Çadyry haçan dikdiňiz?!

Töweregindäkiler onuň sözlerini üç günüň açlygynyň, teşneliginiň täsiridir, samramadyr öýtdüler. Oňa suw içirjek boldular.

– Gerek däl, men häzir meý içdim! – diýip, Togrul küýzäni yzyna berdi. Ähli kişi ýene biri-biriniň ýüzüne syrly bakyp, hyrçyny dişledi. Ýakynynda bolanlar onuň üç gije-gündizläp hiç zat iýip-içmändigini bilip durlar ahyryn.

Näme bolsa, diňe gowulyga bolsun!

* * *

Alyteginiň üstüne ýörişe ugralanda otuz-kyrk haşym Togrul begiň hem Ybraýymyň daşyna gala boldy, goraglady. Ýogsam olar atly goşunyň öňüne düşjek, öňde – Musa ýabgunyň, Çagrynyň ýanynda bolmak üçin okdurylýardylar. Her hili hažyk-hužuk bilen olary öňe goýbermediler.

Alytegin seljuk atlylarynyň öňünden uly güýç jemläp çykdy, ýöne Ýusup ýabgunyň öldürilendigine gazap donuny geýen seljuklylar şir bolup söweşe girdiler. Gazaply söweş başlandy. Seljuk ýigitleriniň wagşyýana gygyryp, gorky-ürküsiz söweşmekleri Alyteginiň gulamlarynyň howuny basdy. Gulamlar jyzadyr[25] galkanlaryny, ýataganlaryny taşlap, söweş meýdanyndan gaçdylar.

Alytegin hem gaçyp, janyny aman gutardy: öz aty öldürilenden soň bir wisakbaşynyň atyna artlaşyp münüp gaçyp gitdi.

Seljuk begleri Alyteginden galan olja bilen yza dolanmaly boldular.

– Häzir Alyteginiň goşunsyz galan pursady. Eger biz häzir Alytegini doly ýok etmesek, Buhara baryp, köşgi eýelemesek, onda ol ertirki gün köp mukdarda goşun jemläp, üstümize hüjüm eder. Onsoň biz Mawerannahrda rahat ýaşap bilmeris. Iki goçuň kellesiniň bir gazanda gaýnamajakdygy hak. Şonuň üçin yza öwrülmän göni Alyteginiň yzyndan – Buhara gideliň, köşgi doly eýeläliň. Ol ýerde öz adamlarymyzy goýalyň – diýip, Çagry beg Musa ýabguwa ýüzlendi.

– Ýok, ýok! – diýip, Ybraýym ynal (Ynanç) bu pikire çürt-kesik garşy çykdy: – Häzir syrgynymyza dolanalyň, babamyň aşyny-suwuny bereliň.

– Alyteginiň yzyndan kowmaga bize yjaza ber! – diýip, Çagry beg Ybraýym Ynanja ýüzlendi.

– Siz bolmasaňyz, babamyň aşyny-suwuny men kime bereýin?!

Şonuň bilen gürrüň gutardy.

* * *

Masgaraçylykly ýeňlişden bir gün geçenden soň seljuk begleriniň adyndan köşge – Alyteginiň ýanyna iki sany çapar geldi:

– Biz, seljuk begleri siz tarapdan ykrar edilen ýabgumyz Ýusup begiň hem onuň ýanyndaky haşymlaryň hununy bermegiňizi talap edýäris! Hunuň berilmedik ýagdaýynda biz Buharany ýer bilen ýegsan etjekdigimizi, siziň Garahan hökümdarlygyňyzy jähenneme iberjekdigimizi öňünden duýduryarys. Jeýhundan ilerdäki, Balkandaky jemagatlarymyzy kömege çagyrmasak-da, sizi tohum-tijiňiz bilen ýok edip biljekdigimize düýn göz ýetiren bolsaňyz gerek!

Garahan türkmenleriniň hökümdary Alytegin bu çaparyň geljekdigini bilýärdi. Şonuň üçin berilmeli jogaby öňünden taýýarlap goýupdy:

– Ýusup ýabguwa men uly hormat goýýardym, onuň bilen mydama gowy gatnaşykda boldum, oňa emir Ynanç Baýgu unwanyny berdim. Agzybirlikde ýaşamagy ähtleşdim. Arman, ol menden ýaşyryn emirim Alp Gara bilen nämedir bir zat barada tersleşipdir, şol tersleşikde Alp Gara ony öldüripdir. Men bu zatlardan habarsyz galdym, Ýusubyň ölümini – doganymyň ölümi hasaplaýaryn. Bir hepdeläp ýas tutmak barada ýörite perman berdim. Men Alp Garany bu etmişi üçin tutup jezalandyrmakçy boldum. Ýöne ol menden gaç-dy, ony tutan dessime siziň ygtyýaryňyza ibererin.

Alp Garanyň berilmejekdigini seljuk begleri bilýärdi, ýöne olaryň arlaryny – hunlaryny aljakdyklary gara çynlarydy.

* * *

Bäş ýyldan soň Togrul beg ýene Hazaraspa geldi. Çünki bu ýerde Alp Gara gizlenýärdi.

Alp Gara öz meslekdeşleri bilen Hazaraspyň ilatyny dyza çökermäge gelipdi. Ýöne Bahadur Pählewan ony ele salyp, ýene ýüz dinar gazanç etdi.

Alp Garany mundan bäş ýyl öňki duran ýerine – şäheriň bazaryndaky giň meýdanyň dar agajynyň aşagyna getirdiler.

Alp Gara bäş ýyl mundan öň Togrul begi maýyl eden sözlerini totuguş deýin gaýtalaýardy:

– Adamlar, men ölümden gorkup aglamaýaryn. Ýok, men yzymda sekiz sany çyrçykly çaganyň eklençsiz, ýetim galjakdygyna ýüregim awap aglaýaryn. Ýaşajyk çagalarym garlawajyň jüýjeleri ýaly bolup, her gün meniň bir kesemen tötek eltip bererime garaşýarlar. Men bolmasam, bigünä çagajyklarym aç öler: adamlar, maňa haýpyňyz gelmese-de, çagajyklaryma haýpyňyz gelsin! Hunumy töläp, meni ölümden halas ediň! Men siziň gapyňyzda ömrümiň ahyryna çenli mutyg guluňyz bolaýyn!..

Bu sözler Togrul bege tanyş sözler. Bäş ýyl mundan öň bu sözler onuň ýüregini elendiripdi, güýçli täsir edipdi. Bu gün welin, Togrul begiň ýüregi elenmedi, gaýtam, ýüregi bulanyp, myrryhy atlandy.

Bu gezek Alp Gara emire hiç kim kepil geçmedi: hun alyş hökümi ýerine ýetirildi...

Bu dünýäde her kim öz emeliniň pidasy.

### 5. Horezmin

Alytegin seljuklylary doly ýok etmek maksady bilen garahanly jemagatlary aýaga galdyrdy, goşun jemläp ugrady. Diňe bir garahanly jemagatlary däl, eýsem golaý-goltumdaky begliklere-de çapar ýollady. Şu gezekki seljuk ýagysyndan dynmagyna hemaýat eden ýaranlaryny görlüp-eşidilmedik derejede sylaglamagy wada berdi.

Baýlyk, tylla, dinar!.. Görlüp-eşidilmedik derejede beriljek sylag-engamlar – diňe bir mawerannahrlylary däl, hotanlylary-da ata atlandyrdy.

Buhara gelýän atly esgerleriň yzy üzülenokdy. Olaryň ählisi Alyteginden köp mukdarda hatynan hantama bolup gelýärdi.

Buhara gelýän atlylar hakdaky habar günübirin Nur etrabyna ýetýärdi.

Seljuk begleri maslahat geçirdiler.

– Näme etmeli? Heýtelede galmak gaty howply. Alyteginde rehim-şepagat ýok.

Şol howsalaly günleriň birinde Jürjaniýadan Harun Altyndaşdan askudar[26] geldi:

– Eý, seljuk begleri! Men siziň Alytegin bilen araňyzdaky oňşuksyzlyklar hakda eşitdim. Siz howsala düşmäň! Size soltan Mahmyt – jaýy jennet bolsun – uly hormat goýýardy. Horezminiň musahhar kylynmagynda, babamyň şu tagtda oturmagynda hyzmatyňyz az bolmady. Men gadyr bilýän adam. Geliň. Siziň ýaly başarjaň adamlar maňa gerek. Men size eýe çykaýyn. Mallaryňyza öri meýdan, özüňiz ýaşaryňyz ýaly, ekin ekeriňiz ýaly ýer bereýin. Siz maňa bil baglap bilersiňiz. Men size Gauhor, Şaruhan, Rabat Maşe etraplaryny ykta bereýin. Siz ol ýerde rahat ýaşarsyňyz. Hiç kim size azar bermez.

Togrul beg maslahatda şeýle diýdi:

– Harun Altyndaşyň dergähine, onuň bilen anyk pikir alyşmaga men gideýin.

Şol günüň ertesi Togrul beg iki ýüz atlysy bilen Ürgenje ugrady.

## Onunjy hekaýat

## BURUN ÝÜZDEN DÜŞMEZ

Öň näme etjek bolsa, ejesine, akgyzyna, gapydana aýdardy, olara sala salardy.

Indi onuň nirä barýanyny, näme etjegini mydama hyzmatynda ylgap ýören akgyzam bilenokdy.

Öň kimi ýigrenýändigini, kimi gowy görýändigini aýdardy. Indi onuň Togrul beg hakda näme pikir edýändiginem bilip bolanokdy.

Öň Togrul bege nälet okardy.

Sawçylykdan soň welin, Togrul beg hakda ne ýagşydan, ne-de ýamandan hiç zat aýtmaýardy.

Akgyz Gülýüzliniň içini it ýyrtýardy, sebäp ol razdanlyga halysan öwrenişipdi.

Soňky wagtlarda olaryň uzynly gün gürleşmeýän gezekleri köp bolýardy.

Mundan ýedi aý öň – Musa ýabgu dagy guda bolup, zatlaryny geçirip gidenlerinden soň Togrul beg iki gezek gelipdi. Abdylmälik hanyň razylygy bilen Altynjany alyp, sähra atly gezelenje çykypdy.

Elbetde, olaryň ýanynda Gülýüzli hem bardy. Ol atyny olaryň atlaryndan ýigrimi-otuz zirag yzdan sürüpdi. Şeýle bolansoň olaryň nämeleri diýendiklerini oňly eşidip bilmändi.

Dogrusy, olaryň arasynda hezil edip diňlär ýaly, oňly gürrüň hem bolmandy.

Altynjan ýeke agyzam söz aýtmandy, esasan, Togrul beg gürläpdi.

Öňli-soňly eşiden sözlerinden çen tutan Gülýüzli gürrüňiň seljuk nesebi, öňde goýlan maksat – ertirki gün hakdadygyny aňypdy.

Eşiden zatlarynyň Gülýüzlä jinnek ýaly-da gyzygy, geregi ýokdy, sebäbi ol aýdylýan zatlary bäş barmagy ýaly bilýärdi.

Togrul beg şol gezek Altynjana şeýlebir owadan gülýaka sowgat getiripdi.

Ol şondan on dört günden soň ýene Zamahşara gelipdi, ýöne soňky gezek gezelenje çykjak bolmandy. Jürjaniýadan gelýändigini aýdypdy, Altynjana bir horjun sowgat getiripdi. Horjunyň içinde şirmaýy darak, iki jübüt zenan hokgasy, sümsüledir silsile, altyn bilezik, ýeňlik, iki geýimlik kumaç, bir geýimlik atlaz mata, herdürli süýji, kişmiş, hoz maňzy bardy.

Togrul beg içeri girip naharlandy, uzak eglenmänem gitdi. Şol gezek Togrul beg Altynjan bilen howluda duşuşyp, hal-ahwal soraşmak bilen çäklendi.

Şol gezekden bärem beg gara berenokdy.

Gülýüzli melikesinden ýeke bir zat bilmek isleýärdi (bu emiriň tabşyrygydy): Altynjan Togrul bege durmuşa çykjagyna begenýärmi ýa-da gynanýarmy?

Hernäçe islese-de, Gülýüzli melikesiniň içki pikirini teý anyklap bilenokdy. Bir görseň, ol Togrul bege durmuşa çykjagyna nägile däl ýalydy: «Men Togrul bege nähak töhmet atypdyryn» diýip örtenipdi. Ýöne ol soň Togrul beg hakda hiç zat aýtmady. Onuň bolşy Togrul beg ýadyna düşmeýän ýalydy. Eger beg hakda bir zat diýilse, sesini çykarman diňleýärdi, ýagşydan-ýamandan hiç zat aýtmaýardy.

Şeýle bolansoň, onuň Togrul beg hakda nähili pikiriniň bardygyny biler ýaly däldi.

Ýedi aý geçdi, Togrul şindem gara berenokdy, ýöne ol hakdaky myş-myşlaryň welin, yzy üzülmeýärdi.

Altynjanyň güni geçmeýärdi. Ýogsam ol gaty köp zat bilen gyzyklanýardy. Boýdaşlary bilen bagda gezelenç edýärdi. Wagtynyň köpüsini Anuşirwan bilen gylyçlaşmakda, pyçak atmakda, ýaýda nyşana urmakda türgenleşikde geçirýärdi. Çapyp barýan Akgaryň üstünde her hili oýunlary etmegi öwrenýärdi.

Altynjanyň galada gowy görýän, ezizleýän ýeke-täk adamy Anuşirwandy. Tüweleme, Anuşirwan pähim-paýhasly, alçak, suhangöý, nazarkerde, peşeneli ýigit bolup ýetişjek. On dört ýaşynda ol äpet bir ýigide meňzeýär. Öwrenmek maksady bilen haýsy bir zadyň başyna barsa, emgenmän maksadyna ýetýär. Onda tebigy üşük bar. Ýaýda nyşana urmakda Zamahşarda onuň bilen deňleşip biljek adam ýok. Gurhanyň ýarysyndan gowragyny ýatdan bilýär. Ýatkeşligi şeýle gowy bolansoň, arap, pars, ýunan dillerini öwrenmek oňa o diýen kyn düşmedi. Altynjan dagynyň ýedi-sekiz ýylda öwrenen dillerini Anuşirwan bäş ýyldan gowrak wagtyň içinde özleşdirdi. Altynjanyň göwnüne bolmasa, öwredilýän zatlary Anuşirwan öňem bilýän ýalydy. Bu gün Sadyllanyň, ekizleriň, Altynjanyň bilýänlerini Anuşirwanam bilýär.

Altynjan Anuşirwany aşa gowy görýärdi, ony gözüniň göreji deýin goraýardy, aňsat-aňsat biynjalyk etmezlige çalyşýardy.

Ol kenizi Gülýüzlini-de gowy görýärdi. Käteler gylyçlaşmak türgenleşigini Gülýüzli bilen geçýärdi. Gylyçlaşmak babatda pola akgyz çöňňedi. Ol haçan görseň şikeslidi: bir görseň, ol agsaklap ýörendir, ýene bir gün görseň, şikesli elini boýnundan asyp ýörendir, ýene bir gün gözleriniň aşagy göm-gökdür, çişden ýaňa gözem görünýän däldir, gözüniň görmeýändigi üçin, Gülýüzli nirä gitse, Altynjan onuň elinden tutup, idip ýörendir.

Köp kişi Altynjanyň bolup ýörşüne düşünmeýärdi: kim kime akgyz?! Göräýmäge, Gülýüzli Altynjana hyzmat etmelidir welin, ýok, beýle däl, Altynjan köplenç Gülýüzliniň hyzmatynda, elbetde, sylaşyk bir gowy zat. Adam birini gowy görse, onuň baýdygyna, garypdygyna seretmez eken...

Gülýüzliniň beýle dertli halyna gyýlyp, Hajar hatyn soraýar: «Altynjan, Gülýüzlä näme boldy? Maňlaýy çilik ýaly-la, onuň?» diýip. Altynjan derrew jogap berýär: «Öten agşam daşary çykanda daşa büdräp maňlaýyny ýardyrdy, görgüli». Ene birki günden soň, ýene gyzyndan soraýar: «Altynjan, akgyzyňa indi näme boldy? Öten agşam-a: «Daşa büdredi» diýdiň. Bu gün ol agsaklap ýöreýär-le?»

«Aladaňdanlar daşa büdräp aýagyny agyrdypdyr».

«Wa-weýla, görgülä näme bolsa garaňkylykda bolýar. Garaňkyda hiç zat saýgarýan däldir-dä?!»

«Dogry, Gülýüzli garaňkyda eger-eger hiç zat görenok. Haçan görseň, daşa büdräp ýör! Ol onda gijekör diýilýänleri bolmaly.»

Altynjan ýok wagty Gülýüzlüden soralsa, ine, iň kyny şol. Ol görgüli näme jogap berjegini bilmän gara heläk bolýar. Sebäbi ol nobatdaky şikesi hakda öýdäkilere Altynjanyň näme bahana tapjagyny bilenok.

Ýalňyşmakdan bolsa Hudaý saklasyn! Onsoň Gülýüzli ýalňyşmakdan heder-ätiýaç edip, gysgaça jogap berer: «Maňa näme bolandygyny Altynjandan soraýsaňyzlaň. Meniň derdimi şondan gowy bilýän ýok».

Gülýüzli käte hüňürdär: «Eý, Hudaý, mende näme günä bar? Togrul ýerçeken gelmese, bu urkaçy meni urup-urup öldürjek».

Ýokarda bagt – gut getirýän guşuň peýda bolandygyny, melikesiniň Habyl bilen gut bermegini dileýändiklerini eşiden Gülýüzli teblehananyň aňyrsyna – bagyň içine bakan ýumlukdy.

Ol bagda bir giňiş ýer tapyp, bürgüde dileg saldy:

– Eý, guş! Meni diňle, meni! Günde telim ýola zulum hem sütem görýän naçaryňy diňle! Öňde-soňda meni ýalkajak bolsaň, onda şu gezek ýalka! Ber gut! Ber gut! Ber gut! Eý, guş! Kynyklarda Togrul diýen bir beg bolmaly, şol beg tizden-tiz meniň melikäme eýe çyksyn. Özem ony her gün gamçylap ursun! Özünden gidýänçä, jyn uran ýaly edip ursun, ursun, gijelerine bolsa myžžygyny çykaryp ursun! – Birden Altynjan geler öýdüp gorkýan bolarly, Gülýüzli telim ýola töweregine garanjaklady, durşuna gulaga öwrülip, bagyň içine diň saldy. – Maňa haýpyň gelsin. Eger meniň ýumşumy bitirmeseň, onda hanyň bu ganjygy meni urup öldürer! Eý, guş, meni halas eýle! Maňa berjek gutuň – melikämiň zulumyndan halas etmegiň! Maňa bu dünýäde başga gut gerek däl!.. Togruly getir! Tiz getir!..

* * *

Altynjan mahal-mahal biçak gaharjaň bolardy, sähel zat üçinem alagykylyk ederdi. Bar sütemem Gülýüzlä düşerdi.

Altynjanyň kimdir biri bilen gürleşesi, raz aýdyşasy gelýärdi. Soňky günler onuň iň ýakyn razdany – özüdi, özi bilen gürleşmegi gowy görýärdi. Ol özüne ähli syryny açýar, özi-özüne düşünýär. Özi-özüniň üstünden güljek bolmaýar. Ulumsylyk etmeýär. Onsoň özi bilen razdar bolmak Altynjana ýakymly, amatly. Ýöne Altynjan özi bilen gürleşip, soňundan akylyndan jyda düşmekden gorkýar. Ol her alabaharda galanyň daşyndaky bir garyş bolan ýaşyl maýsalyga barýardy, ýeriň ýüzüni örten mahmal deýin ýakymly maýsalygyň üstünde ýatmagy, agnamagy gowy görýärdi. Daýhanlar onuň agnaýşyny görenlerinde elewräberýärdiler. Oňa: «Ekinimizi zaýa edýärsiň» diýmäge het edip bilenokdylar. Alty aýda bir, bir aýda alty garyş ösýän bu ekiniň[1] maýsasynyň üstünde ýatmakda jana ýakymlylyk bardy. Altynjan maýsanyň üstünde ýatyşyna tä ýadaýança togalanýardy. Bahym bu-da ony irizýärdi. Ol durmuşdan gözleýän lezzetiniň bu ýerde-de ýokdugyna düşünýärdi.

* * *

Weýl-weýla, gala oňa biçak darlyk edýärdi. Ol uzak-uzak ülkelere gitmek isleýärdi.

Ol geljegine gitmek isleýärdi.

Gala – heminzaman.

Ýaşaýyş, durmuş – heminzaman. Altynjan heminzamandan ýadapdy.

Ol özüniň rahatyny diňe geljekden tapyp biljekdi.

Ol özüni düşen agyr gününden halas edip biljek ýeke-täk bir adamy görýärdi.

Ol özüni gelejegine alyp gidip biljek adam hökmünde bir adamy göz öňüne getirýärdi.

Ol adam – Togrul begdi.

Altynjan üçin Togrul beg – geljekdi.

* * *

Altynjan kakasynyň şahynyny awa salmagy biçak gowy görýärdi. Elguşuny awa salanda ol hakyt özi uçup, awa okdurylýan ýaly, düýrmegi bilen göze öwrülerdi, şahyn (ak laçyn) hakda özüni danyşment hasaplaýardy. Sebäbi ol laçynyň häsiýeti hakda atabeglerinden, kakasyndan, mirşikärden örän köp zatlary eşidipdi. Mirşikär laçyny şa elguşy atlandyrýardy.

Laçyn – et iýýän guşlaryň şasy, at – dört aýakly ot iýýän janawerleriň şasy, göwher – zynatlaryň şasy. Ygtyýarynda şu üç zady bolan kişini nähili atlandyrmaly?!

Gör, Altynjanda ähli dört aýakly dürrendeleriň şasy hasaplanýan bedew aty – Akgary bar.

Onda ähli et iýýän guşlaryň – perrendeleriň şasy hasaplanýan şahyn bar.

Onda ähli zynatlaryň, gymmatbaha daşlaryň şasy hasaplanýan göwherden nagyşlanan bilezik bar. Bu göwherden nagyşly bilezigi oňa Togrul beg hedýe berdi.

Altynjanyň elguşy şahyn diýilýän laçynlardandy. Onuň elguşy agymtyldy. Agymtyl şahyn iň gowy laçyn hasaplanýardy. Diňe bir agymtyl däl, sarymtyl hem gyzylymtyl laçynam gowy laçyn hasaplanýardy. Iň ýaramaz laçyn alabeder reňkli laçyn bolmaly.

Agymtyl şahyn awda juda açgöz, kesellegiç hem häsiýetsiz bolýar eken. Awçylar Altynjanyň elguşuny synlap, ony mydama taryplaýarlar. Kellesi gysga hem kiçi; maňlaýy giň, az ýelekli, ýiti hem gyzyl gözli; gözleri kepderileriňki ýaly kellesiniň iki tarapynda däl-de, çüňküne tarap öwrülip duran; boýny ýogyn; döşi ýasy hem aýlaw; guýrugy ýaýraw, injikleri ýogyn hem gysga; butlak; budunyň etleri çeýe; penjesi uly; aýaklary ýaşyl reňkli; barmaklary güýçli; dyrnaklarynyň reňki gara laçyn iň gowy laçyn bolmaly. Bu hakda mirşikär köp aýdardy. Şol diýilýän iň gowy alamatlaryň öz laçynynda bardygyna Altynjan begenýärdi.

Habyl bilen Kabylyň laçynlary gyzylymtyldy. Sadyllada elguş ýokdy. Ol awda ejesi bilen diňe janköýerlik ederdi. Olaryň janköýerlik edişleri göwünli-göwünsizdi, dogrusy.

Emiriň şahyny sarymtyldy. Ol aňsat-aňsat çyrçyklamaýardy, Altynjanyň laçyny welin, sähel zat üçinem çyrçyk tapjak bolup durdy.

Abdylmälik han yrymçyl adamdy. Şonuň üçin bolsa gerek, laçyn bilen baglanyşykly yrymlaram köp bilýärdi: laçynyň gözüne gözüň düşmegini ýagşylygyň alamaty hasaplaýardy. Şeýle hem laçyn ele gonanda eýesiniň ýüzüne seretse, bu ullakan bir hazyna eýe boljakdygyň, hökmürowanlygyň giňejekdigini alamaty hasaplaýardy. Eger laçyn Asmanda kellesini aşak sallap uçsa, bu ýaramazlygyň alamaty. Eger Asmana göterlende ýa awuny alyp gelenden soň gykylyk etse, onda bu eýesiniň durmuşynda nähilidir bir oňşuksyzlygyň, dawa-jenjeliň boljakdygyny aňladýar.

Altynjan ilkagşam laçynynyň ýanyna bardy. Eýesini gören laçyn alagykylyk etdi. Wagty bilen köşeşmedi. Altynjan guşuň bu bolşuny halamady. Onuň bu biynjalyklygynda nähilidir bir ýaramazlygyň alamaty bar ýaly duýuldy. Ol derrew elguşunyň ýanyndan gitmek bilen boldy.

Ähli zat gowulyga bolsun hernä!

Adamyň akylynyň ýetmeýän ýerinden pelsepe başlanýan bolmaly, Alla başlanýan bolmaly. Yrymlar-da şol çäkden başlanýan bolsun gerek!

* * *

Keski Kelew şahandaz adamdy. Ol her gün awdan soň düşlegde emire aýdym aýdyp bererdi, şirinden-şirin sazlardan çalyp bererdi. Kimiň ýanynda açylmasa-da, emir Keskiniň ýanynda açylardy. Özem ol aňsat gülýän däldir welin, Keskiniň şorta sözlerini diňlände gözlerini ýaşardyp gülýän gezekleri az bolmaýardy.

Şadyýan kişi bilen dymma, agras kişiniň dostlugy Altynjan üçin gaty düşnüksizdi. Bu diňe Altynjan üçin däl, başga-da köp adam üçin düşnüksizdi. Syrlydy.

Keski Kelewiň gelmegi – Zamahşara şadyýanlygyň, gülkiniň, aýdym-sazyň geldigidi. Bu her gezek şeýle bolýardy. Ol durşuna gülki, durşuna şadyýanlyk bolup howla girerdi, ýöne bu gezek onuň gelmegi öýlänçi ýagşynyň gelşine meňzedi.

Iki razdar ylla kyrk ýylyň aýraçylygyndan soň ilkinji gezek duşuşýan dek, gujaklaşyp görüşdiler, hal-ahwal soraşdylar.

– Haý, razdar, ertir awa gideýin diýip maksat edinen günüm geldiň.

– Abdylmälik, onuň sebäbini bileňokmy? Onda aýdaýyn. Ýürekler bir, ýürekler. Awa ýene bile gideris, bir aýlap aw awlarys, meýlis gurarys.

– Wa-weýla, özümem şony isledim...

– «Isledim» diýmäň näme?

– Ýaňyja Altyndaşdan habar geldi.

– Näme habar?

– Gyssagly ýanyna çagyrýar?

– Onuň üçin gynanma, üç-dört günden köp eglenmän gelersiň, oňa deňiç men garaşaýaryn.

– Wa-weýla, üç aý eglenmeli boljak.

– Üç aý?! Üç aýlap näme etmekçikä ol?

– Anyk bilmedim, ýöne askudaryň habary şeýle.

– Bileje hemsöhbedi küýsäp gelipdim, haýp, bolmady...

– Geleniňi görüp, menem begendim, ýöne, görýärsiň-ä! Hany, düşek üstüne geçsene, razdar. Daňdana çenli wagtymyz bar.

– O näme üçin daňdana çenli?

– Daňdan men Jürjaniýa ýola düşmeli. Ýene üç aýdan soň men öýde bolaryn, gel! Hökman gel!

– Üç aýdan soň sen ýene bir ýere ýörişe gitmeli bolarsyň.
– Soltan Mahmyt ölensoň, döwür-döwran üýtgedi, wagt tapylar, gowy niýetde bolaly.
Ot başynda agyr meýlis başlandy, ýöne onuň gyzygy bolmady.
– Eý, dogan, nä, içiňi hümledip otyrsyň? Sen öňki Abdylmälig-ä däl. Içiňde bir tüweleý-ä gopýar seniň. Hany, açylsana – diýip, Keski agyr oýa batyp oturan razdaryna ýüzlendi.
Esli salym içini hümledip oturan emir özbaşyna hüňürdedi:
– Burun ýüzden düşmez.
– Näme, näme? Bu näme diýdigiň bolýar?
Bu sowal jogapsyz galdy.
Daňdan Keski Kelew öýüne, Abdylmälik bolsa «Jürjaniýa» sary ýola düşdi.

## On birinji hekaýat

## URGYNYŇ GÜÝJÜNI URÝAN DÄL-DE, URULÝAN BILÝÄR

### 1.

Daňyyldyzy öz ornuny Kerwengyran ýyldyzyndan ýaňy alyp, ýiti ýalkymyny saçyp ugranda mirşikär bäş-alty öýdeniçer bilen galadan çykyp, emiriň düýnki salgy beren oýtagyna sary ugrady. Olaryň gidenini hiç kim duýman galdy. Olar howludan çykyp gidende Sadylla ukudan oýandy, ejesini, Altynjany, soňundan ekizleri oýardy. Olar atlaryna atlananda jahanyň ýüzi ýaňy agaryp ugrapdy.
Gala entek ukudady.
Gije gar tozgalary ýeriň üstüne galyň düşek düşäp çykypdyr. Awçylar bu pursady aw etmek üçin iň amatly pursat hasaplaýarlar.
Ähli ýer agaryp ýatyrdy.
Kabyl bilen Habyl atyň üstünde possunlaryna çümüp, nirä barýandyklaryna pisint etmän, seretmän, gözlerini süzüp otyrdylar, olar uky bolup ukuda, oýa bolup oýa däldiler.
Anuşirwan welin, garyň agramyna şahalaryny aşak egip oturan burundyk tokaýlyga seredip barşyna awa howlugýardy. Onuň keýpi kökdi, Sadylla dagy bilen degişesi-gülüşesi gelýärdi, ýöne bu mahal olara habar gatmaly däldigini gowy bilýärdi. Ol häzir gep goşsa, iňirdi eşitjegini bilýärdi. Iňirdini bolsa eşideniňden eşitmäniň gowy. Şonuň üçin atyny debsiläp, Altynjanyň gapdalyndan ýöredi.
Säheriň ümsümligini guşlaryň hoşnowaz jürküldileri, saýramalary bozýardy. Howanyň şeýle amatsyz pursady guşlaryň saýramasy, jürküldeşmegi Anuşirwan üçin gaty düşnüksizdi.
Altynjan göz astyndan Anuşirwany synlap barýardy, onuň göwnüni götermek maksady bilen nähilidir bir hoşter söz aýdasy gelýärdi, ýöne haýsy hoşter sözi aýtjagyny teý bilmeýärdi.
Göräýmäge, hoşter sözler şeýle köp ýaly, ýöne köp däl bolarly, idän pursadyň hiç tapylanok olar.
Awlaga geldiler.
– Damulla, hany, babam?! – diýip, Habyl Sadylladan sorady.
– Babaň işli adam, wagty bolsa geler, wagty bolmasa gelmez.
– Emirimiz Jürjaniýa gitdi – diýip, mirşikär dillendi.
– Menem eşitdim şu habary. Men-ä: «Keski Kelew geldi, indi awumyz aýdym-sazly geçer» diýip begenipdim – diýip, Anuşirwan gynanandygyny ýaňzytdy.
– Aýdym-sazly geçerdem... – Mirşikär nämedir bir zat aýtmakçy boldy, soňundanam goýbolsun eden bolarly, dymdy.
– Keski begem ýokmy?! – diýip, Habyl Sadyllaga ýüzlendi.
– Ýok.
– Wa-weýla, Keski beg biz bilen awa gaýdaýmaly eken-dä.
Mirşikär ýene dillendi:
– Keski çykanym awa gaýtmak isledi, ýöne bu hakda emir ýeke gezegem ýaňzytmandan soň, öýüne gaýtdy.
Hajar hatyn mirşikäriň sözüni halamady:

– Emiriň ýadyna düşen däldir, ýogsam hökman aýdardy. Keski oňarmandyr, ol biziň öýümize ýat adam däl ahyryn. Emir ony özüne dogan saýýar. Şeýle ýakyn adamlar biri-birinden aýyp-syn etmeli däl.
Häliden bäri sesini çykarman duran Altynjan ejesini goldady:
– Emir näme etse, bilip edýär.
– Hany, awa başlalyň – diýip, Sadylla tazylaryny awa salmak bilen boldy.
– Babam gelmezmi? – diýip, Kabyl Sadylladan sorady.
– Gelmegi-de, gelmezligi-de mümkin.
– Emir gelmez. Ol üç aýdan soň geler – diýip, mirşikär Babyr Sadylla üçin Kabyla jogap berdi.
– Eý, mirşikär, sen gaty köp bilýän ýaly-la?! Öz işiňi etseň, gowy bolar – diýip, Anuşirwan gaharlandy.

**2.**

Aşak tarapdan gara göründi. Çar ýan ap-ak bolansoň, gara has açyk göründi.
Birtopar atly gelýärdi.
Gelýänler Abdylmälik han dagydy.
Hiç kim handan näme üçin Zamahşara gitmändigini soramaga het edip bilmedi. Şadranç müňbaşynyň aýtmagyna görä, Altyndaşdan habar gelenmiş: Jürjaniýa barmak zerurlygy ýok.
Altynjan kakasynyň alkymyna dykylyp bardy.
Emir gyzynyň möhüm bir habar aýtjagyny aňyp saklandy:
– Näme aýtmakçy bolýarsyň?
– Baba, siz han ahyryn, nämeden gorkýarsyňyz?
Emir geňirgendi:
– Näme diýmekçi bolýarsyň?
– Siziň özüňiz magat bilýärsiňiz, sizi Altyndaşa satýan ýegana razdanyňyz – Keski Kelew. Elbetde, ol şadyýan adam, ýöne bize duşmanyň şadyýanlygy däl-de, wepadarlyk gerek! Keski Kelew sizden habar almak üçin Zamahşara gelýär. Oňa habar berýän çykany – mirşikär Babyr! Mirşikärem, Keski Kelewem Zamahşardan kowmaly! Ýok bolsunlar! Siz oňa «Git!» diýip bilmän, «Altyndaş üç aýlyk çagyrýar» diýen bolduňyz. Bu size gelşenok, baba! Bu siziň mertebäňize gelşenok. Siz näme üçin Keskiniň ýüzüne geleňzok?!
– Gapyl! Gapyl! – Abdylmälik hanyň şeýle gaharlanan pursadyny ýanyndakylaryň hiç haýsysy öň görmändi. Bu pursat emir gözünde oky bolsa, gyzyny sähel emgenmezden atyp öldürerdi. Ol gyzyny bat bilen itdi. Altynjan ýykyldy, ýerinden galjak bolup howlukmady. Ol kakasynyň gaharlanmasyny halamady. «Men-ä ýagşylyk isledim» diýip, ol kakasyndan öýkeledi: ýalan dünýäde ýalan ýaşamaly!

**3.**

Emiriň pikir edişi ýaly, aw biçak ganly boldy: günortana çenli gaty köp towşandyr keýik, sülgün awladylar.
Sülgünleriň dördüsini Altynjanyň şahyny awlady. Ol şahyny iki gezekden artyk awa salmaly däldigini bilýärdi. Kakasam oňa mydama: «Elguşuňy awa köp salma!» diýýärdi.
Bu gün welin, Altynjan göçgünlilik etdi. Şahynyny sekiz-on gezek awa salyp usurgatdy. Onuň ýanyndakylar her gezek şahyn dolanyp gelmez öýdüp howatyrlandylar. Megerem, guş eýesiniň aşa göçgünlidigini aňdy. Her sapar awa salnanda özüniň ökdeligini görkezdi, gaçmady.
Altynjan öten agşam şahynynyň ýanyna baranda ol tebil tapyp, alagykylyk, alapasyrdy edipdi, özem wagty bilen köşeşmändi. Altynjan elguşuň bu bolşuny bir ýaramaz wakanyň boljakdygynyň alamaty hasaplap, uzynly gije rahat ýatyp bilmändi.
– Şahynyň öten agşamky bolşy Keski şugul üçin meniň uruljagymyň alamaty eken – diýip, Altynjan uludan demini aldy.
– Gyzym, sen soňky günler aşa yrymçyl bolupsyň. Sähel zada-da biynjalyk bolup ýörsüň.
– Hajar hatyn, siz hak aýdýarsyňyz... – Keniz Hajar hatynyň ýanyna bardy.
– Hana, towşan gaçyp barýar! – diýip, keniziň ýanyna gelmegini halamadyk Hajar hatyn gaçyp barýan towşany görkezdi.
Üç zenan gaçyp barýan towşanyň yzyndan at saldy.
Altynjan dessine elguşuny awa saldy.

Şahyn towşany sähel salymda awlady...

Olar Gün günortadan agansoň, oturmak üçin amatly – odunlak ýerde düşläp, uly ot ýakdylar, aw etlerini çişe düzdüler.

Taýýar çişlikden ilki hana äberdiler. Han ogullary hem Anuşirwan bilen bile naharlandy.

**4.**

Iýlip-içilensoň, emir Hajar hatyny, gyzyny, hyzmatkärlerini düşlegde goýup, ogullary, mirşikäri hemem jandarlary bilen tazyly saýgak awlamaga gitdi.

Düşleg boşap galdy. Zenanlar täzeden meýlise başladylar, iýip-içip, soňundan aýdym aýtdylar.

Gülýüzliniň şeýlebir mylaýym sesi bardy. Oňa birki gezek «Seniň mylaýym, şirin owazyň bar» diýlensoň, ol gaty yhlaslydy: aýdym aýtmakda Hajar hatyndyr melikesine gezek berenokdy.

– Gülýüzli, men erkek bolan bolsam, diňe sesiň hatyrasy üçin seni satyn alardym, soňam naharlanan wagtym saňa aýdym aýtmagy buýrardym – diýip, Hajar hatyn akgyzyň aýdymlaryny gözlerini süzüp diňledi.

Oduň başynda uzak oturmak olary irizdi, akgyzyň aýdymlaram irizdi. Göräýmäge, gowy zat adamy irizmejek ýaly, ýöne iriziýän eken, özem degnaňa deger eken. Oturanlar gezim etmegi makul bildiler.

Ejesi hernäçe jöwlan ursa-da, Altynjan possunyny düşlegde goýup, sährada çyplaň gezim etdi. Birki gezek aşyrym atdy. Soň ejesiniň gapdalyndan iki eliniň üstünde ýöredi.

– Eliňe tiken bataýmasyn, gyzym – diýip, Hajar hatyn gapdalyndan başaşak ýöräp barýan gyzyna aýtdy.

– Meýdanlardaky tikenler maňa batmaýarlar, ene. Batsa, maňa diňe dil tikeni batar.

**5.**

Gündogar tarapdan Jeýhunyň kenary bilen bir topar atly göründi. Altynjanyň ini jigläp gitdi:

Togrul beg!

Hakyt Togrul beg!

Ahyryl-ahyr geldi!

Laçyn bildi, Togrul begiň geljegini!

– Ene, seret, Togrul beg gelýär! – diýip, Altynjan gygyrdy: – Akgyz, görýärsiňmi?

– Görýärin, melikäm, görýärin. Hakyt şolar! Men aýtdym-a, Togrul beg geler diýip! Gelendir görseň, sen maňa yşanmadyň. Men aýtdym-a...

Altynjan depä bakan ylgady.

Ol depä çykyp, gelýänleri içgin synlamaga, garaşmaga durdy.

Atlylar Altynjanyň ýanyna göni gelýärdiler.

Hakyt şolar!

– Gyzym, Altynjan, gaýt bärik! – diýip, Hajar hatyn jöwlan urdy.

– Ene, Togrul beg gelýär. Eşidýärmiň, ene, Muhammet Togrul beg gelýär!

– Utan, gyzym, utan! Togrul begiň ýanyndakylar näme diýer, bolup durşuňy görüp?!

– Näme diýseler, şony diýsinler! Men Togrul begiň ýanyndakylar üçin däl-de, onuň özi üçin ýaşaýaryn.

– Eneňe gulak as, gyzym! Derrew gel ýanyma!

Hajar hatynyň sözi alynmady.

Atlylar ýakyn geldi.

Wa daryg-a! Atlylaryň arasynda Muhammet Togrul beg ýog-a!

Wa-hasrat-a! Altynjanyň ejesi dogry aýdan eken-ä!

Weýl-waý, weýla! Altynjanyň yhlasynyň ýüzüne uruldy!

Wa weýleta! Atlylaryň öňüne düşüp gelýän Şamälik emir-ä!

Altynjan Şamäligi öň birki ýola görüpdi. Ol Altynjanyň kakasy Abdylmälik han bilen gowy gatnaşykdady. Zamahşara gelende kakasy oňa zyýapat ýapypdy, köp-köp engamlar gowşurypdy. Kakasy Şamälige ýigrimi sany at hem engam beripdi. Altynjan ol atlary biçak gowy görýärdi.

Şamälik ýigrimi aty sowgat äkidensoň, Altynjan ony öz ýanyndan ýigrenipdi.

Tebigatyň demi bolan otuz iki görnüşli şemalyň häzirki öwüsýäni Şamälik emiriň Altynjana imrinmegini isläp, gyzyň egnindäki eşigini endamyna ýelmeşdirip, beýigini beýik, pesini pes etjek bolup çalyşýardy. Altynjan çuw-ýalaňaç bolaýanda-da, hiç kimse şundan artyk zat görüp bilmezdi. Şemalyň

hemaýaty bilen Altynjany kemsiz synlan Şamälik emir bu hoşlaka peýker-keşmerli gyza syny oturdy. Hakyt imrindi. Hyjuwy hyňzady, ony bada-bat özüne hatyn edinmegi ýüregine düwdi. Doňan ýaly bolup duran gyzyň ýanyna baryp, onuň hoşmanzarlygyny boýdan-başa ýene synlady. Ýöne-möne adamyň gyzy däldigini onuň geýiminden, merdemsi hereketinden aňdy. Şonuň üçinem ony sen-men ýok atyň syrtyna basmakdan saklandy.

– Eý, sähra perisi! Bu adam-ebdatsyz sarsar meýdanda ýeke-tenha näme iş edýärsiň? Ýa azaşdyňmy sen?!

– Ýok, men azaşamok!

– Onda ýarym ýalaňaç halda nireden çykdyň sen?! Kim sen? Hany seniň eýäň? Kimiň gyzy bolarsyň?

Altynjan şindem aňk bolup durdy. Ol Şamälik emiriň näme diýýändigine düşünip bilmedi. Şamälik sowalyny ikinji gezek gaýtalady:

– Sen kimiň gyzy?! Bu ýerde näme iş edip ýörsüň? Üşäňokmy?

Altynjan merdi-merdana jogap berdi:

– Abdylmälik hanyň gyzy men. Altynjan men.

– Hä, Abdylmälik emiriň, tümenbaşynyň gyzy diýsene. Ol mertebeli han. Bolubilýär. Ol meniň söwer dostumdyr.

Altynjan atyň üstünde hondanbärsi bolup oturan Şamäligiň sustuny basmak niýeti bilen:

– Men seljuk begi – Muhammet Togrul begiň nyşany [1] men – diýdi.

Bu habara Şamälik emiriň bar keýpi gaçdy. Onuň gaşyndaky sarç keýik birden wagşy ýolbarsa öwrüldi:

– Näme, näme?

– Men seljuk begi – Muhammet Togrul begiň nyşanydyryn, gelnidirin! Näme, gulagyň kerleçmi?

– Hany Togrul? Nirede ol?

Altynjan Şamäligiň sesine bat bermesini halamady, şonuň üçin onuň sowalyna jogap berjegem bolmady.

– Nirede ol? Belki, sen meni aldaýansyň? Eger sen Togrulyň nyşany bolýan bolsaň, onda näme üçin saçyň öňüňde?

– Saçymyň eýesi Muhammet Togrul begdir. Ol näme islese, şonuň ýaly hem bolar.

– Hany, Togrul?

– Beg hatynyna hasabat bermeýär.

– Wa-hasrat-a, elime ilse, her tikesini kyrk bölek etjek-le men onuň. Toýumy ýasa öwrenini ömürem unutmaryn men. Onda meniň arym ýatyr. Arymy almasam, bu dünýäden gözümi açyp giderin. Ol balyk ýaly her sapar elimden sypýar meniň. Ýöne men ony ir-u-giç tutaryn. Men onuň aşyna şeýlebir awy gataryn, bütin ömrüne ýadyndan çykmaz. Togruly öldürerin. Näme üçin Abdylmälik meniň duşmanym bilen guda bolýar? Näme üçin kynyklara gyz berýär? Abdylmälik oňarmandyr, hiç oňarmandyr – Şamälik biraz içini hümledip durandan soň, Altynjana ýüzlendi: – Eý, hanyň gyzy, men saňa babaň hatyrasy üçin hiç zat diýmäýin. Başga bir hanyň gyzy bolan bolsaň, onda men seni häzir atyň syrtyna basardym.

Altynjan hyrra yzyna öwrüldi-de, düşlege bakan ylgady.

Şamälik emir Altynjanyň yzyndan birmeýdan seredip durdy-da, ýoluny dowam etdirdi.

Düşlege laçyn deýin atylyp gelen Altynjan Gülýüzlä azm urdy:

– Atymy getir!

– Näme boldy, melikäm?

– Atymy getir, atymy!

– Atyňy näme etjek, melikäm?

– Merez etjek, merez! Atymy getir! Gidýäris!

Hajar hatyn gyzynyň bu sözüne ör-gökden geldi:

– Bu näme diýdigiň bolýar, gyzym? Babaň awdan gelýänçä biz şu ýerde garaşmasak bolmaz. Gitseň, babaň gahary geler.

– Ene, maňa hiç zat diýme. Gitmesem bolmaýar – diýip, Altynjan ejesini gujaklap hünübirýan aglady. – Meni öldürmeli, ene, meni öldürmeli. Men seniň pendiňi tutmadym. Hut şonuň üçinem Hudaý meni jezalandyrdy. Ene, men häzir gideýin. Enesiniň pendini tutmadyk gyzy kerçem-kerçem etmeli. Meni öldürmeli. Men telek iş etdim. Men häzir giň dünýä sygyp bilemok. Ene, sen meni golda. Sen meni gora, ene. Özüň bir çykalga-söz tapyp, babamy köşeşdir.

Hajar hatyn gyzyna belet. Ol gyzynyň atylan okdugyny, bir aýdan zadyny – ýalňyş-u-ýalňyş däl – etmese, ynjalyk tapmajakdygyny bilýär. Şonuň üçin ol gyzyna: «Gitme!» diýip ikinji gezek aýtmady. Ol eýýäm Akgara atlanan gyzyna nägilelik bilen elguşuny alyp berdi.

6.

Ýolboýy sesini çykarman gidip barşyndan çen tutup, Gülýüzli akgyz Altynjanyň gala baryp, bir ýowuz iş etmekçi bolýandygyny aňdy. Näme etmek isleýärkä? Näme etse-de, eýgilige bolsun hernä! Gülýüzli gala ýetilýänçä Altynjanyň näme etmek isleýändigi barada oýlanyp gitdi, ýöne onuň näme etmek isleýändigini teý akylyna getirip bilmedi.

Akgyzyň tapyp bilmedik tapmaçasynyň çözgüdini şebistanyna girensoň, Altynjan aňsatja ýorup berdi.

Şebistanyň içi almanyň ysyndan burk urýardy. Bu ys düýn tekjede goýlan iki sany almadan gelýän bolmaly. Bişen almanyň ysyna melul bolan Gülýüzli ýeňil dem aldy.

– Şo gezek Muhammet Togrul begden alyp galan gamçymyz nirede? – diýip, Altynjan Gülýüzlüden gaharly sorady.

Gülýüzli ýabaly agaçdan asylgy duran gamçyny bikesine alyp berdi.

Altynjan gamçyny elinde uzak saklaman, Gülýüzliniň öňü-ne oklap goýberdi:

– Hany, başla!

– Bu näme?

– Näme üçin bolgusyz sorag berýärsiň? Näme, şunuň gamçydygyny bileňokmy?

– Bilýärin...

– Onda nä soraýarsyň?

– Men: «Nämäni başlaýyn?» diýip soradym.

– Wa-weýla, saňa aýtmadymmy?

– Nämäni?

– Şu gamçy bilen başda on gezek ýagyrnyma ur. Eger ölmesem, biraz wagtdan soň, ýene on gamçy urarsyň. Eger gowşak ursaň, onda özüňi uraryn.

Gülýüzli Altynjandan her hili hokga garaşsa-da, beýle emre garaşmandy:

– Çynyňyzmy, melikäm?

– Çynym.

– Degişýän bolaýmaň?

– Ýok, degişme ýadyma düşenok meniň.

– Meniň elim agyr.

– Çydaryn.

– Melikäm, siz özüňize mydama ýowuz daraşýaňyz. Siz perişde ýaly päk gyz. Sizi urmaga hiç kim dözüp bilmez. Diňe ýüregi ýok jellat, özem batyl jellat urup biler sizi. Ýok, ýok, ýalňyşdym, olar hem urup bilmez sizi. Siz urulmak üçin däl-de, söýülmek, sypalmak üçin, bagra basylmak üçin dörän gyz. Ýadyňyzdamy, nowruz baýramynda ýigitleriň öňüne gamçy taşladyňyz?! Ýigitleriň birem sizi uran däldir şonda. Sizi urmaga dözer ýaly däl. Siz – perişde. Ýigitler: «Altynjan, biz seni urup biljek däl» diýdiler. Näme üçin? Sebäbi siz mähriban! Siz – eziz! Isleseňiz, meni uruň, ýöne maňa başarmajak zadymy, rehimsiz erkek kişileriň başarmadyk zadyny buýurmaň.

– Sen başararsyň!

– Menmi? Meniň başarýan zadym ýog-a bu dünýäde. Meniň ýeke-täk bir başarjak zadym bar häzir?

– Näme?

– Içerä ysy ýaýran almalaryň birini iýmek.

– Hä, alma iýesiň gelýärmi?

– Gelýär öz-ä.

– Alma derek awynyň sapyny iýseň bolmazmy?!

– Ony onçakly halamok.

– Samyrdama-da, eliňe gamçyny al!

Gülýüzli bir gamça, birem Altynjana seretdi. Gamça bakan bir ädim ätdi:

– Gygyrdyp urubereýinmi?

– Gygyranyma bakma, uruber, uruber!

– On gamçy uraýynmy?

– Hawa, on gamçy ur.

– Gaty ursam näme?

– Gaty ur, ýogsam özüňi uraryn.

– Ýok, meni urmaly bolmarsyňyz. Gözümi ýumup urubersem, nähili bolar?

– Gowy bolar.
– Melikäm, şu ömrümde men hiç kimi urup görmedim.
– Diýmek, ömrüňde birinji hem iň soňky uranyň men bolaryn.
– Ýat onda!
– Näme üçin ýataýyn? Dik durkam uruber!
– Ýok, men ýatyryp urmagy gowy görýärin.
– Nirede ýataýyn?
– Tapawudy ýok. Dur, dur, tapawudy bar, gapynyň agzynda – meniň oturýan ýerimde ýat.
Altynjan Gülýüzliniň oturýan ýerine baryp ýatdy.
– Boldumy?
– Melikäm, gözüňi ýum!
– Ýumjak däl.
– Onda urjak däl.
– Ýeri, bolýar – diýip, Altynjan gözlerini ýumdy.
Gülýüzli ýerden göteren gamçysyny elinde bökdürip, melikesine ýüzlendi:
– Meni uran gezekleriň ýadyňdamy?
– Ýok.
– Ýadyňa salaýynmy?
– Ýadyma sal!
– Arkan ýat.
– Nähili ýatamda saňa näme?
– Arkan ýat!
Altynjan bu gezegem boýun sundy:
– Indi nä dursuň? Eý, çişik mekejin. Sen Mansur poladanam çişik, pola. Uruber! Eliňe okuma çyksyn hernä.
– Bu sözleri gaharymy getirmek üçin aýdýarsyň. Barybir, saňa gaharlanyp bilemok, melikäm. Yşan, gara çynym meniň. Urup bilemok, melikäm. Ýok, ýok, seni urmak – öwlüýäni urmak.
– Samahyllama, ur!
– Ýok, ýok.
– Onda näme üçin meni arkan ýatyrdyň?
Gülýüzli gamçyny alan ýerine oklady:
– Aý, arkan ýatyryp göräýeýin diýdim. «Melikäm Togrul begiň öňünde nädip ýatarka?» diýip, oýlanyp, göz öňüme getirip bilmän ýördüm.
– Gaharymy getirme!
– Öýüňizden kowuň, gideýin, ýöne başarmajak zadymy aýtmaň.
– Saňa: «Diňe islän işiňi edersiň, islemedik işiňi etmersiň» diýlip haçan izin berildi?
– Beýle izin berilmedi.
– Onda näme üçin buýrugymy amal etmän, bolgusyz takal okaýarsyň?!
– Sen pikir et, men öz melikämi ursam bolmaz-a!
– Dünýädeň iň ýigrenji adam kim?
– Siziň öňki sözleriňiz bilen jogap bersem-ä, akyl berýän adam.
– Akyl bermän, buýrugymy ýerine ýetir!
Gülýüzli işige bakan gönükdi. Altynjan onuň öňüne geçdi:
– Nirä?
– Daşaryk.
– Daşarda nä körüň bar?!
– Köşeşýänçäňiz men daşarda durubereýin.
– Hiç ýerik gitmersiň. Meniň köşeşmegimi isleseň, aýdanymy et. Bol!
– Ýok, ýok! Men onuň ýaly gabahat iş edip bilmerin. Şu ömrüme hiç kimi urmadym, indem urmaly bolmaýyn.
– Getir onda gamçyny!
– Ynha! – Gülýüzli ýerde ýatan gamçyny alyp, melikesine gorka-gorka uzatdy. – Urmasaňyz-a gowy boljak. Ýaraman ýatsam, özüňiz üçin gowy bolmaz. Siziň ýumuşlaryňyz kän, men olaryň hemmesine ýetişmeli. Men size gerek ahyryn! Meni ýatmaly etmäň öz-ä...

Altynjan gamçyny Gülýüzliniň haýsy tarapyndan urjagyny bilmeýän ýaly, içini hümledip onuň daşyndan bir gezek aýlanyp çykdy. Sag tarapynda durup, bar güýjüni jemläp, ary köýüp ýatan ýaly urmaga başlady. Gamçynyň şuwwuldy sesi ýüregiňi dilip barýar.

– Aý, ene-eý, agyrýar-eý. Waý-waý, ölüp barýaryn-eý. Janym çykyp barýar-ýeý. Öldüm-eý. Wa hasrat-a, melikäm, urmaň! Melikäm, urmaň! Men çydap bilemok. Men siz ýaly çydap bilemog-a! Eý, Salyr babam, özüň ýetiş! Gün han atam, özüňden medet! Bilge babam, özüňden medet! Ýoluňyza bir goýun menden! Gara çynym, gowy baga bakylan goýun ýoluňyza aýdýaryn. Tizräk ýetişiň, bu dikdüşdi ganjygyň elinden alyň meni! Salyr babam, size-de bir goýun menden! Ýetişiň! Gün han atam, bir goýun berjek! Abdylmälik daýy, tizräk gel! Awy soň edäý! Mansur daýy, tiz gel! Habyl, gel, Kabyl, gel!

– Kömege gelip ýetişerler öýtseň, biraz puryja bereýin.

– Ýetişerler, enşalla! Eý, Gün han atam, özüňden medet! Eý, Salyr babam, özüňden medet. Ýoluňyza bir goýun!

– Hany goýnuň?

– Işiň bolmasyn.

– Keramatly atalarymyzy aldap otyrmyň? Sen eýýäm üç goýun bergidar!

– Ýuwaş! Işiň bolmasyn. Seniň demiňden sag-aman sypsam, üç goýny, eýderin-beýderin, taparyn.

– Eýdip-beýdip goýun gözläp ýörmän meniň aýdanym bilen boluber!

– Ýok, ýok!

– Onda aýdanymy edýänçäň urjak. Ölýänçäň urjak! «Urmaga razy» diýýänçäň urjak! Üç goýnuň hem ardurja gitdi.

Elewräp duran Gülýüzli nämedir bir zat ýadyna düşen ýaly çuň oýa batdy. Kem-kemden dogumlandy, biraz arkan gaýyşdy. Altynjan onuň bu bolşuna geňirgendi.

– Saňa näme bolýar? Kömege geläýdilermi ýa?

Gülýüzli merdemsi jogap berdi:

– Ýok, ýok, men öljek-ýitjek, ýöne gamçyň agyrysyna döz geljek, özüme erk etjek. Senem Togrulyň öňünde gamça döz gelip durupdyň. Seniň döz gelen zadyňa, men döz gelmesem bolmaz. Sebäbi men seniň akgyzyň, men saňa mynasyp akgyz bolmaly. Men sebäpli saňa gep geläýmesin..

– Ganymy çogdurma meniň!

– Ganyň çogsa, çoguplar geçsin, dökülsin! Gülýüzlüden saňa mert jogap: urjak däl. Urjak däl! Iň soňky gezegem aýdaýyn: urjak däl!

– Urarsyň!

– Urmaryn!

– Böke-böke urarsyň!

– Böke-böke urmaryn!

– Men saňa aýdýaryn: ölseňem urarsyň! Ölseňem!

– Ölemsoňmy? Ony entek bilemok, soň aýdaryn!

Altynjanyň gany depesine uran bolarly, gamçylap urmasy oňa az göründi. Ol bir bökende Gülýüzliniň depesine mündi. Birmeýdan onuň çem gelen ýerine urdy. Soňam onuň bokurdagyndan tutup, bogmaga girişdi.

Gülýüzli özünden gitdi.

Altynjan ýüzi göm-gök bolup ýatan akgyzyna ýigrenç bilen seretdi, onuň ýerinden turaryna garaşdy. Akgyz uzak garaşdyrman özüne geldi, ýerinden turdy:

– Urarsyň ýa ölersiň.

– Öldüräý! – diýip, Gülýüzli parahat jogap berdi. – Ganjyk!

Altynjan oňa gözlerini petredip seretdi:

– Saňa näme bolýar?

– Sen meniň üstüme gygyrma! Eşidýärsiňmi, üstüme gygyrma meniň!

– Näme, näme?!

– Näme eşiden bolsaň – şol! Men seniň aýdanyňy etjek däl. Bolsaň bolupsyň-da han gyzy!

– Onda ölmeli bolarsyň.

– Ölerin! Öljek! Öldür!

– Men saňa mundan artyk çydap bilemok. – Altynjan ýene gamçyny Gülýüzliniň depesinden yzly-yzyna inderdi. – Öldürjek! Öldürjek! Öl!

Gülýüzli agyrydan ýaňa gözünden boýur-boýur ýaş dökdi, esli salym doňan dek bolup Altynjana seretdi durdy, birdenem elewräp ugrady:

– Bolýar, bolýar, men öleýin. Ýazgytdyr bu. Bimahal ölmeli boldum. Men razy. Men ölmeli boldum. Allatagalanyň amanadyny yzyna tabşyrýaryn. Men mertlik bilen ölýärin! Men erkeklerçe ölýärin! Eý, halaýyk, eý, Babyr, eý, Mansur daýy, menden razy boluň, hoş galyň! Eý, Babyr, enem menden razy bolsun! Gyzyň iň soňky deminde seniň adyňy tutup mert öldi diý. Otagymdaky ýorganlaryň iň aşagyndakynyň ikinji epininde otuz dirhem pulum bardyr, ony metjide haýyr-yhsan edip beriň. Hajar hatyn agşam ýatjak wagty guragyryly sag aýagyna ýylanyň zäherinden edilen melhemi çalmagy ýadyndan çykarmasyn, her gün ýatjak wagty çalynmasa, peýdasy az bolar.

– Munça edeniňe görä kelemäňem öwür.

– Puryja berseň, öwürjek.

Altynjan puryja berdi, Gülýüzli kybla bakyp kelemesini okady.

– Başga aýtjak zadyň barmy?

– Rast, öljek bolsam, özüm bilen äkitmäýin, käbir aýtman ýören zadymy göni ýüzüňe patladyp aýdyp, içimi bir sowadaýyn, hanyň gyzsumagy! Wa-hasrat-a, gamçynyň yzasy janymy alyp barýar. Basymrak öläýmesem, çydap bilemok.

– Aýdanyň bilen içiň sowaýan bolsa, sowat! Aýt!

– Sen ärsirän, kedisi mawlan [2] ganjyk sen! Eşitdiňmi? Sen erkek görseň, öňünden ylgap ýörmän, likirbuduňa köz bas! Köz! Togrul beg saňa: «Mäkiýan horaz» diýip örän dogry aýtdy. Mäkiýan horaz sen. Gedem sen! Saňa är gerekmi? Ärsiz oňup, ýaşap bileňokmy? – diýip, Gülýüzli Altynjana symygyny görkezdi. – Me, saňa är! Enesiniň garşysyna giden ganjyk mertebe tapmaz, betbagtlyk tapar. Hiç bir är seni ojagynda uzak saklamaz! Bir aý saklap-saklaman gülberiňi arkaňa atyp goýberer.

– Sen işden boş! Gümüňi çek! Gözüm görmesin seni!

– Giderin. Senden saýak-saýakdyrak kaňkap ýören item gowudyr.

– Git, git! Gümüňi çek! Sen akgyz bolmaga mynasyp däl!

– Menmi?! Dünýäde meniň ýaly gowy akgyz – keniz ýokdur! Muňa täze akgyz alaňda göz ýetirersiň. Saňa ärem, akgyzam çydamaz! Saňa diňe men çydadym, indi menem çydamok.

– Men seni gaty lälik sakladym. Men seni ýanymda joram ýaly, syrdaşym ýaly sakladym!

– Sende jora bolmasa näme! Sende syrdaş bolmasa näme! Ýekeöýliň horazam senden gowudyr. Sen, asyl, özüňden başga hiç kimsäni göreňog-a.

– Sen meniň eden ýagşylyklarymyň gadyryny bilmediň. Men seniň, heý, bir ýerde göwnüňe degdimmi? Ä, aýt?

– Aýtsam – aýdaryn, aýtmasam – aýtmaryn. Maňa «Aýt!» diýen bolma! Men indi seniň akgyzyň däl. Näme edýänim bilen seniň işiň bolmasyn! Besdir! Mäkimiýan gopbam horaz sen! Sen daşy ýaldyr-ýuldyr edýän içi boş tulum sen! Saňa ýaranmak mümkin däl. Saňa Hudaýam ýaranyp bilmez. Sadyllanyň eşigini geýseň, näme, erkek bolaryn öýtdüňmi? Hudaýyň edenine garşy giden bolýarsyň. Sen Hajar hatynyň basyp giden aýak yzyna-da degeňok. Hajar hatyn – perişde. Sen bolsa melgun. Öwf! Aýtdym, içimi sowatdym. Aýtmadyk bolsam, gözümi açyp giderdim. – Gülýüzli uly bir ýüküň aşagyndan çykan dek rahatlandy. – Indi o dünýä rahat giderin men.

– Sen rahat gitmersiň.

– Eý, guşkelle, boşkelle urkaçy! Öldüriber! Bol bahym, ärsirän tula – diýip, Gülýüzli sesiniň ýetdiginden zowladyp goýberdi. Soňam gözlerini ýumdy. – Menden razy boluň, adamlar. Men gitdim! Wah, enemi ýene bir gezek görüp, gujaklap, hoşlaşyp, soň ölen bolsam, has gowy bolardy. Wa hasrat-a, ene, men saňa köp ýagşylyk edip bilmedim. Seni arkama hopba edip, Mekgä haja äkitsemem azdyr. Sen özüň iýmän maňa iýdirdiň. Meniň akgyz bolmagym üçin öýüň düşeklerini satyp, maňa sowat öwretdiň. Hoş, ene! Hoş, sag boluň, adamlar! Menden razy boluň! Men şu ýelni kesilmişden başga ähli kişiden razydyryn. Waý-eý, gamçyň degen ýeri janymy alyp barýar. Men ölýärin.

– Urup başlabereýinmi, eý, çişik Eflatun?!

– Başlaber, mäkimiýan horaz!

– Maňa: «Mäkimiýan horaz!» diýme!

– Diýjek, näçejigimem diýjek! Sen maňa näme üçin «Çişik Eflatun» diýdiň? Mäkimiýan horaz! Ýok, dogrusy, horazsyraýan mäkiýan. Horazsyraýan mäkimiýan! – Gülýüzli ýene symygyny görkezdi. – Sen muny görýäňmi? Ine, saňa! Arwah sen!

Gülýüzli urga garaşdy. Altynjan näme üçin öldürmäge başlanok?!

– Bol, öldür-dä!

– Nämä howlugýarsyň?

– Seniň ýanyňdan çaltrak gidesim gelýär. Onsoňam häzir öldürmeseň, soň garaňky düşer, meni jaýlamaga ýetişmezler, uzak gije bärde ýatmaly bolaryn.
– Öleňsoň, nirede ýataňda saňa näme?!
– Mynasyp ýerimde, seniň ýok ýeriňde, ömrem barmajak ýeriňde ýatjak men.
– Dowzaha düşäýerin öýdýärsiňmi?
– Seniň ýanyňda ýatanymdan dowzaham gowudyr.
– Näme, näme?!
– Bagyşlaň, bu sözi gaharyma aýdaýdym...
– Gözüňi açyp gürle!
– Ýok, ýok, indi gözümem açjak däl, gürlejegem däl. Öldür, wessalam! – Gülýüzli ikidyz oturyp, Altynjanyň öldürerine garaşdy.
– Näme bilen öldüreýin?
– Menden maslahat sorama, barybir, maslahat berjek däl. Nädip öldüresiň gelse, öldüriber. Gamçy bilen urup öldür. Gygyrybersem üns berme. Özümden gidemsoň, seniňki aňsat bolar. Iň gowusy, döşümden hanjar sok.
– Başaramok.
– Senmi? Öz doganynyň gözüne hanjar sokan şereňňiz urkaçy, heý, meniňkä sokmazmy?
– Men Habylyň gözüne atdanlykda sokdum.
– Diýmek, tejribäň bar. Meniň ýüregime bilip sok! Bol bahym!
– Gözüňi aç! Näme üçin gözüňi ýumýarsyň?
– Seniň ýaly ganhora näme tapawudy bar onuň?
– Tapawudy bar.
– Näme?
– Gözüňi açmasaň, gaharym gelenok.
– Ýok, ýok, indi meniň bu dünýäden gitdigim. Indi maňa siziň ýaşaýan dünýäňizi görmek ýok. Bahymrak öldür!
– Näme üçin howlugýarsyň?
– Seniň bilen gürleşip durmak islämok.
– Gözüňi açmasaň, gaharym gelenok diýdim-ä. Meniň gö-züme seret.
– Ýog-eý, hälki aýdan sözlerimden soň seniň ýüzüňe hijem seredip bilmerin. Ýüzüňe seredere ýüzüm ýok indi meniň.
– Sen hakykaty aýtdyň-a. Seniň aýdan zatlaryň ählisi dogry.
– Hakykaty diňe öljek wagtyň aýdyp bolýar.
– Onda sen meni on ýyllap aldadyňmy?
– Men hiç zadam edemok, melike... – Gülýüzli ilkinji gezek Altynjana «melikäm» diýmän, «melike» diýdi, sebäbi ol eýýäm onuň melikesi däldi. Ol işden kowlan. – Men şu güne çenli – senden kowulýançam ak ýürekden hyzmat etdim. Hyzmatymda ikilik etmedim. Nähili pikir edýändigimiň bolsa saňa – size parhy ýok.
– Gözüňi aç!
– Weýla, masgara, sen nähili özi?
– Nähili?
– Entegem öldüreňok-la sen meni? Öldür bahym!
– Hökman öljekmi?
– Hälki aýdan sözlerimden soň men siziň dünýäňizde ýaşap bilmerin-ä!
– Näme üçin «Siziň dünýäňiz» diýýärsiň? Sen entek ol dünýä gideňog-a?!
– Indi men islesem-islemesem o dünýä gidäýmeli.
– O dünýä gidip näme etjek?
– Ýatjak hezil edip. Saňa hyzmat etmekden-ä dynaryn. Ýogsam saňa ýaranjak bolmakdanam halysan beze-bez boldum men. Muhammet Togrul begiň başyna-da apy-tupan getirersiň sen. Ol görgülä-de nebsim agyrýar meniň. Olam bir gün edil men ýaly ölmäge kaýyl bolar. Wiý, dym-dyrslyk-la?! Hanyň gyzy, öňki melikäm, sen nirede? Näme üçin geplemeýärsiň?
– Ölmeziň öň ýany näme isleýärsiň? Belki, isleýän zadyň bardyr?
– «Isleýän zadyň bardyr» diýdiňmi? – Gülýüzli tekjede duran iki sany almany ýatlady, ýuwdundy. – Näme islesem, berermiň?
– Ölüp barýan adam guşuň süýdüni islese-de tapyp berýärler. On ýyl hyzmatymda bolduň. Seni razy edip o dünýä ugratmak meniň borjum.

– Razy edip o dünýä ugratmag-a saňa kyn düşer, ýöne tekjäniň öňündäki almanyň birini berseň-ä, senden azajyk razy bolup giderin men, mäkimiýan horaz!

Altynjan almanyň ulusyny alyp, Gülýüzlä berdi.

Gülýüzli gözüni açman almany derrew lak-luk atdy.

– Ýene biri bar. Onam iýäý.

– Iý diýseň, iýerin welin, soň saňa galmaz.

– Me, sen indi meni gaýgy etme.

– Onyňam dogry, mäkimiýan horaz. Behişdem şeýle gowy däldir. Hezil edäýdim – diýip, Gülýüzli ikinji almany hem gözlerini açman iýdi. Altynjan Gülýüzlüden gorka sorady:

– Men şeýle erbetmi?

– Erbedem senden gowudyr.

– Erbet bolsam, onda näme üçin meni urmaýarsyň?

– Sebäp men seni gowy görýärdim, hakyt saňa magşuk bolupdym, mäkimiýan horaz!

– Wa-weýla, sen maňa başda perişde diýdiň, soň maňa ýaman diýdiň. Indem başga sözleri samrap otyrsyň.

– Ýaramazam bolsaň, özüňe imrindirýän bir mähirlilik, hoşreftarlyk jadyň bar seniň. Bagryňa basaýasyň gelýär. Erkek bolan bolsam, döşüňe döşümi oýkap-oýkap, içimi sowadardym.

Altynjan ikidyz oturan Gülýüzliniň garşysynda ikidyz oturdy:

– Gülýüzlim, men seniň günäňi geçeýinmi?!

– Sen geçseňem, men geçmeýärin. Mekejin! Mäkimiýan horaz!

– Özüňe beýle ýowuz-jeberut bolma. Sen mähriban ahyryn. Men seni indi on ýyl bäri saklaýaryn. Naçarlygyňdan başga aýbyň ýok seniň, sen durşuňa mähirdar sen, hakyky hoşreftar sen, ýüzüňde janperwer mährewlik bar seniň. Sen hiç wagt gaharlanmaýarsyň. Sen geçirimli. Men saňa on ýylyň içinde juda köp gezekler sütem etdim. Sen meniň eden sütemlerimi hiç kime aýtmadyň. Mydama: «Daşa büdräp ýykyldym» diýdiň. Şol wagtlar seni bagryma basaýasym geldi. Sen örän dogry aýtdyň: men oňşuksyz, kejir men. Gedem men. Onam dogry aýtdyň. «Saňa Hudaýam ýaranyp bilmez» diýibem suwamaý dogry aýtdyň. Enemiň sözüni diňlemän telek iş edendigimem dogry aýtdyň. Seniň aýdan ähli sözleriň dürs, ýüregime jüňk boldy. Sen maňa düşünýärsiň. Sen meniň ýalňyz ýürekdeşim. Eger sen dagy bolmadyk bolsaň, onda ýeke akgyzam meniň şatyma çydap bilmezdi. Sen bolmasaň, men bu dünýäde mundan beýläk nädip ýaşaryn?! Bu jahanda meniň ýeke-täk daýanjym sen, söýenjim sen, Gülýüzlim.

– Şu aýdýanlaryň ýarysy dagy çynyňmy, mäkimiýan horaz?!

– Çynym, Gülýüzlim, barysy-da çynym.

– Meni ýeke-täk ýürekdeş joraň hasaplaýarsyňmy eý, mütrük?

– Sen meniň ýeke-täk ýürekdeşim.

– Dogry aýtdyň, saňa mensiz ýaşamak kyn-a düşer, zalym-jeberut?

– Eger sen ölseň, onda menem öljek.

– Wiý, masgara! Bu nädip beýle boldy-a?! Masgara-a! Onda men ölmäýinmi, mäkimiýan horaz?!

– Ölme, akgyzym, ölme! Gözüňi aç!

– Men saňa sögdüm-ä?! «Mekejin, mekejin!» diýdim. «Mäkimiýan horaz» diýdim. Kän zat diýdim. Sen meniň günämi ötjekmi?

– Sen meniň günämi ötjekmi?

– Ötjek, näçejigimem ötjek. Men jinnekçi däl. Sizde günä ýok. Siz – perişde!

– Men seniň günäňi ötýärin.

– Çynyňmy?

– Çynym, gül ýüzli Eflatunym.

Olar şapba gujaklaşdylar, soňam ýer sarsdyryp, aglamaga başladylar.

Babyr atly hyzmatkär agy seslerini eşidip, ýüregi ýarylan ýaly bolup, kürsäp içeri girdi. Görse, Altynjan bilen Gülýüzli gujaklaşyp, aglap otyr.

Hyzmatkär hyjyl çekip, sesini çykarman daşary çykdy.

**7.**

Garaňky gatlyşyberende awa gidenler geldi.

Hajar hatyn atdan düşüp-düşmänkä Gülýüzlä ýüzlendi:

– Hany, Altynjan?

– Ýatyr, hatyn.
– Näme, näme? O näme üçin bimahal ýatyr?
– Ol: «Endam-janym agyrýar» diýdi.
– Näme bolupdyr oňa?
– Siziň ýanyňyzdan gaýdyp öýe gelenimizde ol atdanlykda daşa büdredi. Arkasy daşa degdi, daraw-daraw, hatyn...
– Mansur, howlyň içinde ýeke daşam bolmasyn!
Mansur gapydan kösenmek kösendi: howlynyň içinde ygym-sagym ýatan ýekeje daşam ýokdy...
Ýöne Altynjanyň arkasynyň daraw-darawdygy hakykatdy...

## On ikinji hekaýat

## NESIBÄ ZOWAL ÝOKDUR

**1.**

Abdylmälik hanyň keýpi çagdy, çünki ol düýn Harun ibn Altyndaşdan toýa çakylyk alypdy. Aýyň soňky anna güni Harun ogluna sünnet toýuny edýärdi.
Abdylmälik han ol toýa hökman barar!
Özem hökman dolup-daşyp barar.
Ýöne Şadranç müňbaşysynyň oslagsyz habary hany biçak geňirgendirdi:
– Merhemetli han, Jürjaniýadan – hökümdar Harun ibn Altyndaşdan ýörite askudar geldi, ol siziň dergähiňize hökümdar Harun ibn Altyndaşyň gelýändigini habar berdi.
Bu habar han üçin biçak geňdi. Şonuň üçinem ol Şadranç hajyba çapary öz ýanyna alyp gelmegi tabşyrdy.
Çapar hanyň ýanyna gelende-de Şadranja aýdan sözlerini gaýtalady.
Han çaparyň sözlerinden soň, habaryň hakykatdygyna göz ýetirdi. Elbetde, ol Şadranja-da ynanýardy, hut şonuň üçin ony özüne hajyp edip işe alypdy, ýöne ol Harunyň Zamahşara näme üçin gelýändigini akylyna sygdyryp bilmän örtenýärdi.
Han bir hakykaty bilýärdi: hökümdar aňsat-aňsat ýola çykmaýar. Çyksa, tozdurmak, weýran etmek, jeza bermek üçin çykýar. Harun – ot. Ol baran ýerini ýakyp-ýandyrýar.
Diýmek, ol Zamahşara ýakyp-ýandyrmak üçin gelýän bolmaly.
Abdylmälik han hökümdary iki çakrym öňünden garşylamak üçin ata atlandy.
– Zyýapata taýýarlyk görüberelimi? – diýip, Mansur hana ýüzlendi.
Han içki pikirini daşyna çykardy:
– Zyýapatyň geregi bolarmyka?!
– Bolar, bolar! – diýip, çapar gürrüňe goşuldy. Onuň gü-rüňe goşulmagyny hiç kim halamady.
– Onuň ýaly bolsa, taýýarlyk görüber – diýip, han göwünli-göwünsiz dillendi. Ol belent mertebeli myhmanyň yzzaty üçin edilmeli işleri ýüzugra düşündirip, galanyň otuzdan gowrak ýaşulusy, bäş ýüz esger (parahat döwürde galada bäş ýüzden artyk haşym saklamak soltan Masut Gaznaly tarapyndan ýörite perman bilen gadagan edilipdi) bilen ýola düşdi.
Abdylmälik han Jeýhunyň akymynyň ugry bilen gidip barşyna özüne şol bir sowaly zol-zol berýärdi: «Hökümdar näme üçin Zamahşara gelýär?» «Meniň köşkdäki gowy gatnaşyk saklap ýören adamlarym bu ýöriş hakda maňa näme üçin öňünden habar göndermediler? Eý, Hudaý, Eprikogullary nesilşalygyna mundan otuz ýyl owal uran paltaňy ýene urmakçy bolýarsyňmy? Horezminde tas ýedi asyrlap patyşalyk süren Eprikogullary nesilşalygyndan galan ýeke-täk daragt bu gün ýykylmaly bolarmyka?! Eý, Hudaý, näme üçin biziň neberämize şeýle ýowuz daraşýarsyň?»
Abdylmälik ýedi ýaşyndaka neberesiniň başyndan inen betbagtçylyk gorky bolup aňynda galypdy. Onuň şondan soňky ömri gorkuda geçipdi, ýöne Abdylmälik bütin ömrüne aňyndaky gorky bilen darkaş gurap geçirdi. Özüni gorky-ürküni bilmeýän adam hökmünde görkezmäge çalyşdy. Ogullaryna-da, gyzyna-da batyr bolmagy, hiç bir zatdan heder etmän ýaşamagy ündedi.

Hanyň iň esasy gorkusy Mamunlaryň Käs şäherindäki eden gyrgynçylygynyň Altyndaş tetelliler tarapyndan gaýtalanmagydy. Ol Eprikogullary neberesiniň täzeden örňemegini düýrmegi bilen isleýärdi. Onuň içki gorkusyny hiç kim aňanokdy, ony ilki bolup gyzy Altynjan awda Keski Kelew babatda aňdy...

* * *

Abdylmälik han ömründe ýeke gezegem şu günki deýin howsala düşmedik bolsun gerek. Ol Jürjaniýadan gelenleriň arasynda Harun hökümdaryň ýokdugyny görüp begenmek begendi.

Gelenler Harun hökümdaryň sahyby Aşyk Garkyn bilen Jendiň häkimi Şamälik eken.

– Biziň saňa möhüm habarymyz, gürrüňimiz bar – diýip, sahyp Aşyk Garkyn galkyjaklady.

– Habar iberene-de, habar getirene-de hamd-u-senalar bolsun.

– Hökümdar meni Şamäligiň ýany bilen Jende ýollady. Ýolugra seniň bilen-de gürleşmegi makul tapdym. Sen bize zyýapat ýaparsyň-a, Abdylmälik han? Ýa şu duz-çörekli garşy alşyň bilen oňaýjakmy?

– Size hökman zyýapat ýaparyn, ýörüň. Çapar maňa: «Hö-kümdar gelýär» diýdi.

– Çapar saňa dogry aýdypdyr. Biz seni synaga salyp görmek isledik. He, he-he! Abdylmälik, sen indi han dälsiň? Sebäbi indi zamana üýtgedi, jihada, ýörişe gitmegiň zerurlygy ýok. Munuň üçin menden öýke-hä edýän dälsiň?

– Ýok, ýok.

– Sen bize dogry düşün.

Abdylmälik emir Aşyk Garkyny öňem bir halap baranokdy, çapardan ýalan habar ýollap, howsala salansoň-a ony hasam ýigrendi.

Aşyk Garkyn dynuwsyz gürleýärdi, çakyr gülýärdi. Şamälik welin gürlänokdy, onuň bolşy emire geň göründi:

– Şamälik, seniň ýüzüň salyk görünýär-le?

– Şamälik senden öýkeli – diýip, sahyp Aşyk Garkyn aýtdy. – Bar gürrüň hem Şamäligiň öýkeliliginde. Sen onuň göwnüne degipsiň.

– Menmi? – diýip, Abdylmälik emir bir Aşyk Garkynyň, birem Şamäligiň ýüzüne seretdi: – Şeýlemi, Şamälik?

– Elbetde, şeýle! – Aşyk Garkyn janykdy. – Şamälik bar zady hökümdara aýtdy. Hökümdar bu meselä goşulmak islemedi, ýöne maňa seniň bilen düşünişmäge rugsat berdi. Men meseläni gaty nagt çözerin.

– Haýsy meseläni?

– Ony seniň desterhanyň başynda aýdaryn.

– Şamälik, menden göwnüň galan bolsa, ony maňa göni aýdaýmaly ekeniň. Bu ara hökümdary goşmak nämä gerek?

Şamälik ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady.

Abdylmälik ýeňil dem aldy: herhal, ýagdaý, oňuşmazça däl. Bu ýerde ölüm howply hiç zat ýok.

Han myhmanlary bilen Zamahşara ugrady, Şadranjy ýanyna çagyrdy:

– Bizden öň gala bar, Altynjany tap-da, oňa: «Häzir myhmanlar gelýär. Şolar galadan çykyp gidýänçä saňa haremiňden çykmak gadagan. Bu babaňyň ýörite tabşyrygy» diý, berkden-berk diý.

– Lepbeý, tagsyrym!

**2.**

Abdylmälik hanyň öýüne iki sany nätanyş atly geldi. Olary ferraş Haldan garşylady.

– Abdylmälik han barmy? – diýip, atlylar ferraşdan soradylar.

– Emirimiz häzir galada ýok, ol giçlik geler. Hanlyk näme işiňiz bar?

– Biz emiriň ýanyna habarly geldik.

– Näme habaryňyz bar bolsa, maňa aýdyberiň.

– Ilki siz aýdyň, Abdylmälik hanyň gyzy barmy?

– Bar, ýöne häzir galada ýok...

– Hanyň gyzy äre çykan däldir-ä?!

– Näme, näme? Emiriň gyzy Altynjanmy? Size nähili diýsemkäm, oňa äre çykan diýsegem boljak. Siz äre çykan diýip hasap edäýiň. Äre çykan ol, äre çykan!

Bu habary eşiden iki atly serpmeden gaýdan ýaly boldy. Biri-biriniň ýüzüne soragly bakdy.

Haldan mürehet etdi:

– Geliň, geçiň, oturyň!.. Dem-dynjyňyzy alyn!
– Onuň ýaly bolsa, biziň oturmagymyz gelşiksiz bolar, biz gaýdaly!
– Bu nähili beýle bolýar-aý?! Masgaraçylyk ahyryn bu. Muny bege nädip aýtjak? Onuň ýüregi tarka ýarylar.
Ikinji atly ýoldaşynyň sözüni makullady:
– Apy-tupan tursa gerek.
– Hökman turar!..
– Gaýdyberiň, gaýdyberiň – diýip, Haldan, näme üçindir, atlylary howlukdyrdy.
Soňam derwezeden çykyp, atlylar gözden ýitýänçä seretdi.
Atlylaryň alnyndan Altynjan dagy çykdy. Olar nätanyş atlylara seredip, deňlerinden geçip gaýtdylar.
Howla giren Altynjan Haldana ýüzlendi:
– Hälki atlylar näme üçin gelipdirler?
– Men-ä olaryň näme üçin gelenine-de düşünmedim. «Abdylmälik han barmy?» diýip soradylar. «Han tiz geler, garaşyň» diýsem, seslerini çykarman gitdiler.
– Daýy, hälki atlylaryň yzyndan git. Olar uzak bir ýerden gelipdirler. Ýadap gelipdirler. Goý, öýde dynç alsynlar – diýip, Altynjan Anuşirwana ýüzlendi.
– Ýok, ýok, gerek däl! – diýip, Haldan elewredi. – Olar häzir geler.
– O nähili geler?!
– «Häzir biraz işimiz bar, soň geleris» diýip gitdi olar. Olar Abdylmälik hana duşuşmak isleýärler. Hana aýtjak ogryn habary bar olaryň.
Altynjan Haldana seredip biraz durdy-da, hiç zat aýtman haremhana bakan gitdi.
Haldan aýbynyň açylmagyndan howatyr edýän ýaly, iki ýana zowzanaklaýardy. Isleginiň başa barmaýandygy ony örteýärdi. Ol Altynjanyň yzyndan sawçylaryň gelmezligini, onuň bagtynyň açylmazlygyny isleýärdi. Şu isleginiň amaly üçin anyk bir iş-töwekgellik edip bilmeýändigine gynanýardy. Haldanyň ýüregi Altynjandady. Ony düýrmegi bilen söýýärdi. Onuň özüniňki bolmagyny isleýärdi, bu isleginiň başa barmajakdygyny-da bilýärdi. Alaçsyzdy. Arzyny kime aýtsyn ol?!

* * *

Mansur bazardan geldi, Haldan onuň öňünden çykdy.
– Iki sany atlyny-ha gören dälsiň?
– Ýok, görmedim. Hä, näme boldy?
– Aý, bolan zat ýok, ýöne soraýdym. – Haldan bu sözi aýdyp gutaryp-gutarmanka hälki iki atlynyň biri derwezäniň ýanynda peýda boldy. Ony gören Haldan aljyrady:
– Eý, saňa näme gerek?!
– Dogan, aýt, Abdylmälik han gyzyny kime äre berdi?
Haldanda çykalga galmady:
– Altynjan hatyn bikir [1] entek, ýöne ol nyşanly. Ýaňy sypaýyçylykly aýdanymda düşünmediňmi?
– Kimiň nyşanlysy?
– Be, şonam bileňokmy?! Altynjan hatyn seljuk begi Muhammet Togrul begiň nyşanlysy.
– Maşalla-a, bize geregi-de şol! Bizi şu ýere ugradanam Muhammet Togrul beg-dä – diýip, bu habara keýpi gül-gül açylan atly ýylgyrjaklady.
– Onuň ýaly bolsa, has gowy, geliň, geçiň! Ýaňy gönüläp, düşnükli edip aýtmadyňyz. «Altynjan biziň begimiz Togrulyň nyşany, şonuň üçinem ol bikir gezip ýören bolmaly» diýmeli ekeniňiz. Men sizden howatyr etdim. Men sizi Şamäligiň adamysyňyz öýtdüm. Siz ýadap gelensiňiz. Dynjyňyzy alyň! Ýaňy alnyňyzdan Altynjan hatyn çykdy ahyryn siziň. Görmediňizmi?
– Gördük-le. Şoldur öýtdük, dogrusy.
– Wa-weýla, siz ýaňy özüňizi Togrul begiň ugradandygyny aýtmadyňyz. «Bizi Togrul beg iberdi» diýseňiz, men begenjime bagryma basjag-a sizi. Biz Togrul begden habara garaşyp ýörüs-ä.
– Biz Togrul begiň habaryny getirdik, onuň gelýändigini size öňünden aýtmaga gaýtdyk.
– Onuň ýaly bolsa, gözümiziň üstünde ornuňyz bar. Bu gün bizde toý! Bu gün bizde baýram. Bize Togrul beg gelýär. Atyňdan düş, doganym. Gel, men seni bir gujaklaýyn-la.
– Eý, sen gapydanmy ýa ferraş? – diýip, Mansur azm urdy. – Bar, öz işiň bilen bol!
Ferraş gapydanyň bu sözüni gulagynyň ýele ýanyndan geçirip goýberip, haremhana bakan ýumlukdy:

– Altynjan melikäm! Altynjan melikäm! Buşluk! Söýünji! Muhammet Togrul beg gelýär. Men: «Atlylar derrew gelerler» diýdim-ä. Men saňa: «Anuşirwan daýyny ugratma, olaryň özleri derrew gelerler» diýdim-ä. Gelendirler görseň! Togrul beg gelýär. Ol uly toý edip, kejebeläp sizi alyp gitjekmiş. Sizi köşkde ýaşatjakmyş! Altynjan melikäm, eşidýärsiňizmi?! Togrul beg siziň yzyňyzdan gelýär. Ol Zamahşarda şeýlebir uly toý etjekmiş. Buşluk!

Altynjan Haldanyň begenişini görüp, dilden-agyzdan galaýdy. Ol sesini çykarman Haldana seredip dur.

– Melikäm, hälki iki atlyň birisi gaýdyp geldi. Ol – Togrul begiň çapary. Ýörüň, çaparyň habaryny özüňiz diňläp görüň.

Altynjan Haldanyň yzyna düşdi.

– Eý, çapar, hany, habaryňy Altynjan melikämize-de aýt! Bol!

– Muhammet Togrul beg gelýär, melikäm. Ol bizi öňden iberdi. «Men barýançam sizler taýýarlyk görüberiň. Toý edeliň!» diýdi – diýip, çapar ýylgyrjaklady. Ol Abdylmälik hana niýetlenilip ugradylan nyşanlyk bukjany gapydana, ikinji nyşanlyk bukjany Altynjana gowşurdy. – Bu nyşanlyk bukjasy size ugradyldy, bikäm.

Altynjan içerden kiçeňräk ýaşyl mahmal haltajygyny alyp geldi. Ol haltajyk – içi teňňeli haltajyk. Altynjan haltajygy elinde bökdürip, Haldanyň ýanyna bardy:

– Haldan, seniň begeneniň hemem maňa şeýdip janköýerlik edýänligiň üçin men saňa altyn berjek.

– Men bütin ömrüme saňa janköýer bolaryn, melikäm. Gideňde menem ýanyň bilen äkitgin. Men saňa wepaly hyzmat ederin.

– Hany, agzyňy aç!

– Taňryýalkasyn, melikäm, bütin ömrüm siziň hyzmatyňyzda bolaryn – diýip, Haldan agzyny açdy.

– Älhepus, agzyň uludygyny! – Altynjan gülüp, Haldanyň agzyna haltajygyndan altyn teňňelerini jugurdadyp guýdy. – Agzyň beýle uludyr öýdmändim.

Haldan agzyny açyp, doňan ýaly bolup durdy. Agzy tylladan dolansoňam gozganmady. Onuň bolşuna Altynjan geňirgendi:

– Indi nä dursuň? Bar, git indi.

Altynjanyň bu sözünden soň, Haldan baga bakan gaty-gaty ýöräp gitdi.

* * *

Çapar Mansur bilen gadyrly saglyk-amanlyk soraşandan soň:

– Biz nirede düşlesekkäk? – diýip sorady. – Biziňkiler ýene dört-bäş günden gelerler. Şoňa çenli taýýarlyk görsek, gowy boljak. Biziň hymalarymyz bar.

– Haý, dogan, Abdylmälik han myhmanyny hymada ýaşatmaz. Siz arkaýyn geliberiň. Myhmanlar üçin ýörite uly otaglarymyz bar biziň.

– Biz myhmantama ýerleşmeris.

Otaglarymyzyň işiginden bir seredip gör, şonda bilersiň, ýerleşjegiňi-ýerleşmejegiňi. Müň adam dälsiň-ä sen?

– Müňdenem köp biz. Müň gowrak esger bilen ýüz düýe ýükümiz bar. Ýüküň on düýesi şu ýere getirilmeli. Ol toý sowgatlary.

Geň galmadan ýaňa hiç kimden ses çykmady. Çapar göçgünli ýylgyrjaklady:

– Men özümkileriň ýanyna baryp, Altynjanyň bikirdigini, Muhammet Togrul bege garaşyp oturandygyňyzy aýdyp begendireýin, ýogsam, olaryň hallary sal üstündedir häzir. Tas yzymyza gidipdik biz häli.

– Bar, bar, samahullap durma-da, on düýe ýüki bärik getir – diýip, bagdan ýylgyrjaklap gelen ferraş gaharlandy.

– Kim aýtdy Abdylmälik hanyň gyzy äre çykdy diýip? – Mansur çapary saklady.

– Şu kişi aýtdy – diýip, çapar Haldany görkezdi.

– Men näbileýin seniň Muhammet Togrul begiň adamydygyňy. Şamälik ýaly bir ýigrenjiniň aýýarysyň öýtdüm men seni. Men saňa aýtdym-a: «Altynjan Muhammet Togrul begiň nyşanlysy» diýip. Ant iç aýdaňok diýip. Ant iç! Sen maňa töhmet atjak bolma. Şatlyga zäher sepjek bolma.

Çapar agyr ýagdaýa düşdi:

– Biz göni gelip: «Biz Muhammet Togrul begiň adamlary» diýip, aýtmaly ekenik, şony aýtmandyrys. Günä bizde. Siz: «Altynjan – Muhammet Togrul begiň nyşany» diýip, aýtdyňyz ýaňy. Dogry, dogry!

– Aýtdym, aýtdym, hawa, aýtdym. Göni sözüm bar meniň. Ýüregimdäki dilimde meniň. Togrul begiň gelerine garaşyp ýörün-ä men! Biziň hemmämiz garaşyp ýörüs. Şeýle bir toý ederis. Gije ýatman hyzmat etjek!

– Ferraş, bar, desterhança aýt, goý, ol myhmanhanalarda uludan saçak ýazsyn. Esasy myhmanlar şu ýerde bolarlar. Olar ýadap gelendirler. Dynçlaryny alsynlar, iýip-içsinler. Esgerler hymada bolarlar. Men häzir çapar bilen gidip, esgerleri ýerleşdirip gaýdaýyn.

Hälki Haldan bilen çaparyň gürrüňine hiç kim ähmiýet berip durmady. Tanamadyk sylamaýar. Ähli zat gowulyk ahyryn. Peşeden pil ýasajak bolmak kime gerek? Hiç kime-de gerek däl. Haldan Muhammet Togrul begiň uly tutum bilen gelýändigini nireden bilsin?! Wah, ýüregiňdäkini amal etdirip bolýan bolsady, onda Haldan bar zady bulaşdyrjakdy! Soňam Altynjanyň gama batyşyny synlap, heziller etjekdi, lezzet aljakdy. Bolmady! Özgäniň betbagtlygyny synlamakda çäksiz hezillik bar! Betbagtçylyga uçran sen däl! Seniň ýagdaýyň onuňkydan gowy. Ýoksul bolup, barjamlylaryň betbagtlygyna tomaşa etmegiň lezzeti has datly! Wah, Haldan içinde bertiklän bu pikirlerini hiç kimsä aýdyp bilenok, ýöne kimdir birine şeýlebir içini dökesi gelýär. Kim bar içiňi dökere?!

Eh, çaçgary çoh dünýä!

Bir nämynasyp adam-a baý edýärsiň, Zamahşar sebitine emir, han belleýärsiň. Bir pähim-parasatly bendäňem onuň gapysynda ferraş kylýarsyň? Hany seniň adalatyň? Wah, dünýä meniň elimde bolsady!

* * *

Iň esasy zat – gelýärler!

Ýok, iň esasy zat – gelýär!

Togrul beg gelýär!

* * *

Ähli kişi Togrul begiň iberen on düýe ýüki bilen başagaý. Her bir zady bir-birden gözden geçirýärler.

Haldan Altynjanyň haremine kürsäp girdi. Ol sandygyndan nämedir bir zat gözläp duran Altynjanyň kamatyna gözügidijilik bilen seretdi.

– Bu näme etdigiň seniň?! Näme üçin içeri girdiň?

– Seni görmek üçin geldim – diýip, Haldan sandyrady.

– Näme, näme?

– Saňa aýtjak sözüm bar.

– Nähili söz?

– Sen Togrulyň hatyny bolup, mertebede ýaşaryn öýdýärsiňmi? Ol seniň gadyryňy bilermi?

– Diýýän zatlaryň näme seniň? Akylyňdamy beri sen? – diýip, Altynjan gazaplandy.

Altynjanyň ýowuz jeza bermeginden ätiýaçlanan Haldan başga perdeden gopdy:

– Togrul beg saňa on düýe engam iberipdir. Ol engamlar biri-birinden gowy. Men seniň Togrul begiň hatyny bolup, uly mertebede ýaşajakdygyňa ynanýaryn. Onuň iberen engamlaram muňa şaýat. Melikäm, towakga edýärin, daşary çykyp, begiň ýollan engamlaryny görsene!

– Ýok, ýok, görjek däl! Çyk!

Başga bir wagt bolanlygynda on düýe ýüki Altynjanam birin-birin gözden geçirse geçirerdi. Ýükleriň arasyndaky lagly-göwherleri hezil edip synlardy, her birini boýnundan asyp görerdi. Mundan sekiz aý öň Musa begiň getiren engamlaryny Altynjan her gün synlapdy, birini goýup, beýlekisini dakynypdy. Ýöne soňky bir aý bäri Altynjan şol getirilen engamlary sandyklaryndan çykaryp ýeke gezegem tomaşa edip görmändi.

Hana, Altynjanyň ejesiniň ýanyndaky zenanlar, akgyzlar engamlary haýran galyp synlaýarlar, ýöne ol gymmatbaha lagly-göwherdir jowahyrlar, her dürli şaý-sepler özüne degişli däl ýalydy, ol zatlar ony sähelçe-de özüne çekenokdy. «Altynjan, sen, ine, muny bir gör!» diýip, oňa geň-enaýy zatlary görkezýärdiler. Altynjan: «Juda owadan eken» diýip, başdansowma jogap berýärdi, ýöne ol bu mahal Togrul begiň iberen habar nyşany bilen gümrady.

Bukjada ýowşan bardy.

Ýowşan oňa sähradaky ilkinji atly gezelenji ýatladýardy. Şol gezelençde Togrul beg sorapdy:

«Sen bu gülleriň, gyrymsy otlaryň haýsysyny gowy görýärsiň?»

Altynjan bu sowala sobada jogap beripdi:

«Ýowşany!»
«Näme üçin?»
«Ýowşanda wysalyň ysy bar».
«Be, wysalyň ysynyň bolýandygyny bilmändirin».
Şondan soň Togrul beg atdan düşüp, bir düýp ýowşan sogrup alypdy, uzak ysgapdy.
Bu gün Togrul beg wysalyndan nyşan ýollapdyr.
Altynjan bir düýp ýowşany üznüksiz ysgady.
– Muhammet Togrul Altynjana beýle köp engam iberip bilýän bolsa, onda ol juda uly hökümdar bolmaly – diýip, Altynjanyň daýzasy Şaýürek aýtdy.

* * *

Haldan Altynjanyň şebistanyna ýene kürsäp girdi:
– Togrul begiň ynagy geldi.
– Nirede?
– Ony Polabeg (Mansur) alyp geldi. Häzir myhmantamda dynç alýar. Ol şeýlebir üýtgeşik zatlary aýdýar, melikäm. Wah, melikäm, ynagyň aýdýan hekaýatlarynyň tagamyny Polabeg duýanogam. Ol ýöne hä-him diýip otyr – ýöne men bilipjik durun – onuň aňy allowarralarda. Hyýalynda kimdir biri bilen nämedir bir zadyň söwdasyny edýär ol. Men oňa beled-ä.
– Sen baryp, ynagyň hekaýatlaryny diňle. Soň maňa aýdyp berersiň.
– Ony oňararyn, melikäm. – Ferraş birpaýyz säginip durdy-da, yzyna öwrüldi: – Melikäm, ynagyň bir sözüni size ýetirmändirin men.
– Näme habar ol? Möhümmi?
– Togrul beg ynagyna: «Men barýançam – toýdan burun Zamahşarda uly sadaka beriň. Mahmyt Gaznala Gurhan çykyň, ony mertebeläň. Soltan Mahmyt Gaznaly beýik soltan bolupdy. Meniň mertebämiň rowaçlygy soltan Mahmyt Gaznalynyň ak patasyndandyr» diýipdir.
– Hakyt şeýle diýipmi?
– Hakyt şeýle diýipdir, ine, şu iki herri gulagym bilen eşitdim.
– Bar, ynagyň gürrüňlerini diňle!
Ferraş ok ýaly atylyp gitdi. Biraz wagtdan soň ol ýene geldi:
– Melikäm!..
– Näme habar?
– Melikäm, Abdylmälik han geldi. Muhammet Togrul begiň ynagy Ahmet Dehistany siziň babaňyz bilen hal-ahwal soraşandan soň: «Merhemetli Abdylmälik han, men siziň gyzyňyza öz patyşamyň iberen engamyny elin gowşurmaga borç-ludyryn» diýdi. Abdylmälik han meni siziň yzyňyzdan iberdi. Olar size garaşýarlar, melikäm.
Altynjan ejesiniň ýanyna bardy. Oňa Haldanyň habaryny aýtdy:
– Men nähili barsamkam, ene? Tuwakly [2] baraýynmy?
Hajar hatyndan öň Gülýüzli dillendi:
– Tuwaksyz bar, entek sen gelin däl-ä! Goý, ynak beginiň nähili perizada aşyk bolandygyny görsün. Sen ynakdan gorkma. Muhammet Togrul begiň ynagy diýmek, ol seniňem ynagyň diýmek bolýar. Goý, ol senden gorksun!
Hajar hatyn Gülýüzliniň pikirini oňlamady, özüňden öňürdip gürlemesine gaharlandy, herhal, giňlige saldy. Gyzynyň jogaba garaşýandygyny aňyp, kesgitli gürledi:
– Içeri girmän, daş işikde biraz garaş, şonda babaň ýüzüne seredip, tuwagyňy nätmelidigiňi aňarsyň.
– Men gitdim, onda! Eflatun, yzyma düş!
– Mensiz bolmaz-a.
Altynjan eýýäm kakasynyň otagynyň öňünde durdy. Kakasy ony içeri çagyrdy.
Ýüzi tuwakly Altynjanyň içeri girenini gören Ahmet Dehistany howlukmaç ýerinden galdy.
Mansur gapynyň sag gapdalynda münder-münder bolup duran zatlaryň içinden üç-dört sany düwünçegi ynaga alyp berdi.
Ahmet Dehistany orta ýaşlaryndaky adamdy. Uzyn boýludy, galjaňdy. Uly peşiniň aşagynda gök gözleri ýyldyrap görünýärdi. Onuň ýüzüne seredeniňde nazaryň eglenýän zatlar: uly burundy, inçeden çüri eňekdi, kiçi gök gözdi. Sesi göwresindenem ýogyndy. Şonuň üçin giň otagyň içinde sesi hasam ýogyn ýaňlandy:

– Melikäm, menden, ilki bilen, merhemetli begimiň dogaýy salamyny kabul ediň. Togrul begiň jany sag, işi rowaç. Beýik Perwerdigär begimiň tarapynda bolup, onuň beýik tutumlarynda mydama ýardam berýär. Begimiziň size bolan aýratyn hyjuwyny, yhlasyny biz her gün duýýarys. Togrul beg – Hakyň nazar salan begi. Hakyň nazary düşen adamyň gullugynda bolmak ýeke-täk dogry ýoldur. Biz öz kyblaýy älemimiziň ýanynda mydama siziň bolmagyňyzy isleýäris. Biz ähli tutumlarymyzy bir gyra süýşürip, Hak nazary düşen begimiz Togrul begiň ganatlanmagy – sizi ýassykdaş edinmegi üçin üýşüp Zamahşara geldik. Özem biz gaty uly toý taýýarlygy bilen geldik. Niýetimiz bütin Horezmin iline kyrk gije-gündiz toý bermek. Men ilki Harun Altyndaşyň ýanyna bardym. Biz onuň bilen gowy aragatnaşyk saklaýarys. Ol biziň maksadymyz hakda eşidip, çoh şat boldy: «Kyrk gije-gündizläp ediljek toýuň çykdajysyny özüm çekjek» diýdi. Ýöne Muhammet Togrul beg muny göwnemedi. Nesip bolsa, toýumyza Harun Altyndaş hem geler. Harun Altyndaşyň aýtmagyna görä, Jendiň emiri Şamälik Abdylmälik hanyň Togrul bege gyz bermegini islemändir, arz edipdir. Harun onuň arzyna gulak asmandyr. Şamälik bilen pikirdeş bolany, ondan rişwet alany, haýbat atmak üçin Zamahşara geleni üçin sahyby Aşyk Garkyny zyndana atypdyr. Harun Altyndaş öz hökümdarlygyndaky ähli häkimlere, emirlere Abdylmälik hanyň toý edýändigi barada habar ýollapdyr, olary toýa çagyrypdyr. Nesip bolsa, uzakdan-ýakyndan toýa geljek abraýly myhmanlar kän, musulman halklarynda görlüp-eşidilmedik toý tutarys, enşa! Ähli zat gülala-güllük bolar. Ähli zadyň aladasyny etdik. Biz toý taýýarlygyny görýänçäk, biziň Alla nazarly beýik begimiz hem ýetip geler. Beýik begimiz maňa örän wajyp bir tabşyryk berdi. Ol, ynha, şu düwünçekleri size elin gowşurmagy hem-de isleg-telwasyny beýan etmegi maňa yşandy. Beýik Muhammet Togrul begiň isleg-telwasy şudurki, ýagny ol öz elin düwen şu düwünçeginiň içinde toý güni siziň geýnip çykmagyňyzy telwaslan lybaslary, dakynmagyňyzy telwaslan zynatlary bar. Ine, bu düwünçegiň içinde ak atlaz mata bar. Şeýle hem köýnegiň üstünden geýilýän jüpbe eýýäm taýýar. Ony özümiz tikdirdik. Şeýle hem bu düwünçegiň içinde sap altyn-göwher bilen bezelen köwüş bar. Şeýle hem başyňyza geýmek üçin pöwrize gaşly jyga bar. Muhammet Togrul beg toý güni, ine, şu düwünçekleriň içindäki lybaslary geýip öňünden çykmagyňyzy telwaslaýar. Şu lybaslardan başga hiç bir zadyň bolmaly däldigini gaýtalap-gaýtalap sargyt etdi. Muhammet Togrul beg üstüňizden bürenjek atynmagyňyzy asla islänok. Hökümdar siziň ýüzüňiziň açyk bolmagyny – bagtyňyzyň açyklygynyň nyşany hasaplaýar. Bu gülýakany bolsa Muhammet beg ýörite arguwany ýakut [3] bilen bezetdi.

* * *

Toý taýýarlygy başlandy.

Togrul begiň sargyt edişi boýunça galada uly sadaka berildi, Mahmyt Gaznala Gurhan çykyldy.

Altynjan Gawşfinj şäherine Kalbyna jorasynyň – Kalbyna bu şäheriň häkiminiň ogly Gökhuna durmuşa çykypdy – hemem Balnäz jorasynyň – Balnäz hem şol şäherde ýaşaýan bezirgene äre çykypdy – yzyndan çakylykçy ugratdy. Bu şäherde gowy egin-eşikleri tikýän iki sany ussat tikinçi bardy. Bu tikinçileriň ellerinden çykan egin-eşik göreni haýrana goýýardy. Altynjan hem Muhammet Togrul begi haýrana goýmak isleýärdi. Şonuň üçinem ol joralary Kalbyna bilen Balnäze şol ökde tikinçileri ýanlary bilen tizden-tiz alyp gelmegi tabşyrypdy. Joralary onuň tamasyny ödediler. Olar ýanlaryna iki däl, üç tikinçi alyp geldiler. Altynjan hiç kime uky bermedi. Ähli egin-eşik bir gije-gündiziň dowamynda taýýar bolmaly. Eger geýimler bir gije-gündiziň dowamynda taýýar bolmasa, onda dünýä gapyşaýjak ýalydy. Muhammet Togrul beg ertir daň bilen geläýjek ýalydy.

Daňdan eşik taýýar boldy.

Geýilmeli egin-eşikler taýýar!

Ýöne Togrul beg gelmedi.

Togrul beg şol günüň ertesem, birigünem gelmedi.

Beg bir aý garaşdyryp geldi.

Onuň ýetip gelýändigini jarçylar habar berdiler.

Altynjan ejesidir akgyzy bilen üçege çykyp, Togrul begiň ýoluna bakdy.

Haldan diňiň üstüne çykyp, kim görünse, aşakdakylara habar berdi.

Gelýän goşunyň yzy üzülenokdy.

Galanyň daş-töweregi Togrul begiň esgerlerinden ýaňa gyryň daşyna döndi.

Ir ertirden garaňky düşýänçä atlylar geldi.

Uzynly gije hem geldi.

Şol günüň ertesi günortanlar Abdylmälik hana Muhammet Togrul begi garşylamak üçin galadan çykmalydygy aýdyldy.

Duşuşyga tomaşa kylmak üçin Altynjan dagy hem galadan çykdy.
Altynjan Togrul begiň islegi boýunça geýnipdi. Pah-pah, Togrul zalywat Altynjana haýsy reňkdäki eşigiň gelişjekdigini anyk bilipdir: hakykatdan hem bu eşikde Altynjan hasam owadan görünýärdi!
Hiç bir peri-de Altynjan ýaly ýalkym saçan däldir, görenleriň akyllaryny şeýdip haýrana goýan däldir!

* * *

Muhammet Togrul beg elleri duz-çörekli zamahşarlylaryň öňünde atdan düşdi, Abdylmälik hanyň tagamynyň öňünde ýekedyz oturdy. Soňam han bilen gujaklaşyp görüşdi.
– Ol biziň ýanymyza gelmez. Musulmançylykda aýallaryň ýanyna barmak aýyp hasaplanýar, otparazçylyk ýok indi – diýip, Hajar hatyn pyşyrdady.
– Dünýäniň ähli ýerinde horazlar birmeňzeş gygyrýar. Musulmançylykda-da aýalyň ýanyna erkek barmaly. Ähli zady erkek başlamaly. Ilkinji sözem erkek aýtmaly – diýip, Gülýüzli janykdy.
– Erkek ähli ýerde aýalyň ýanyna ilki barmaly, ýöne häzirki ýagdaýda aýyp bolar. Eger häzir Togrul beg ýanymyza gelse, onda onuň bu bolşuny hiç kim halamaz.
Gülýüzli Hajar hatynyň pikirini oňlamady:
– O näme üçin: «Hiç kim halamaz» diýýärsiňiz? Siz halamarsyňyzmy? Ýa Altynjan halamazmy? Halar, menem halaryn. Togrul beg geler!
– Ol bu ýerden üç mil [4] uzaklykda açyk meýdanda düşläpdir diýýärler – diýip, Altynjan hiç kimiň garaşmadyk sözüni aýtdy.
– Men aýtdym-a: «Togrul beg  dolup-daşyp geler» diýip. Siz maňa ynanmajak bolduňyz. Men aýtdym-a... – diýip, Gülýüzli ýaňy joşup söze başlapdy welin:
– Akgyz, bir pursat saklan! – diýip, Hajar hatyn ony saklady, boýnundaky monjugy çözüp alyp, oňa uzatdy: – Me, al!
– Wiý-weýla, näme üçin?
– Gülýüzlim, şu monjugy men saňa hedýe bereýin.
– Bu gaty gymmat ahyryn. Togrul begiň melikämize hedýe ýollan gülýakasy ýaly, arguwany ýakutdan ahyryn bu!
– Gymmadam bolsa, nämeden ýasalanam bolsa, men muny saňa berýärin, ýöne meniň bir şertimi bitir.
– Men ähli şertiňizi bitirerin, hatyn.
– Meniň islegim – şu gün seniň gürlemezligiň.
– Isleseňiz, men erte-de gürlemerin, çydaryn!
– Gaýrat et! Altynjanyň kejebesi gidýänçä gürlemeseň bolýar, soň gürläber.
– Bary-ýogy bir günmi? Iki günem geplemerin, kejebe gidýänçä geplemerin. Meni indi urubam gepledip bilmersiňiz. Men gaty hötjetdirin.
– Gülýüzli, getir men enemiň beren rişwedini dakyp bereýin – diýip, Altynjan monjugy aldy-da, akgyzyň boýnundan dakdy: – Gutly bolsun!
– Rişwetmi bu?!
– Eýsem näme. Geplemezligiň üçin berlen rişwet.
Gülýüzli eli bilen agzyny ýapyp, Hajar hatyna, Altynjana gaýta-gaýta minnetdarlyk bildirip, baş atdy. Dymybam gazanç edip bolýan eken.
– Togrul begiň ynagy aýdypdyr: «Toýdan soň gyzyňyz Nyşapurda ýaşar» diýip. Sen bir göz öňüne getirip gör. Owadan köşkde Togrul begiň gapdaljygynda oturarsyň. Başga döwletleriň begleridir hanlary gelip, size gymmatbaha engamlaryny gowşurarlar, döwletleriňiziň, mertebäňiziň artyk bolmagyny dileg ederler...
Gürlemezlik Gülýüzlä müşgil bolmajak ýalydy, ýöne beýle däl eken. Gürlemegiň gadyryny bilmän ýör eken ol, dünýäň ähli lezzeti, dünýäň ähli eşreti islän sözüňi aýdyp bilmekde eken, akgyzda eýýäm geplemek islegi döredi, zerurlyga öwrüldi ol islegi, aňyna gelen pikiri nädip içinde öldürsin ol?!
Onuň şeýlebir gürläsi geldi, şeýlebir gürläsi geldi! Iň bärkisi, gymmatbahaly monjukly bolandygynam, begenýändiginem hiç kime aýtmaly dälmi?! Muny aýdaňda näme zyýany bar? Eý, Hudaý, munam aýtmaly dälmi? Beýle-de bir jeza boljak eken. Men ýaman gürrüň edemog-a?! Ählisiniň hoşuna geljek sözleri aýdýaryn men. Oňa monjuk gerek däl. Näme etsin ol  bu mahal monjugy?
Gülýüzli Hajar hatynyň ýüzüne: «Meni aldapsyň» diýen terizde öwran-öwran seretdi, ýöne hatyn ony görmedikden boldy. Ol hatyna: «Mekir mekejin, monjugyň çüýresin» diýip, içinden sögdi, şeýlebir

gürlemek isledi. Ol-a bir arguwany ýakutdan ýasalan monjuk eken, bu mahal ýekeje sözi aýtmagyň hatyrasyna ähli bukjasyny bermeli bolsa-da berjek ol!

«Geplemezlikden Hudaý saklasyn! Lal adamlar nädip gürlemän oňýarkalar! Eý, Hudaý, lal etmändigiň üçin kän-kän alkyş saňa!»

Gülýüzli Hajar hatyndan beýle ýowuz aldawa garaşmandy. «Men Hajar hatyna hiç wagt ýamanlyk etmedim-ä. Gaýtam, men onuň guragyryly aýagyny owkalap berýärin. Ol bolsa hiç zat ýok ýerden meni gürlemesiz etdi goýdy. Eý, Hudaý, men oňa näme ýamanlyk etdimkäm?!»

Gülýüzliniň gürläsi gelip içini it ýyrtyp ugrady, ol düşnüksiz bir hereketler etdi. Nämedir bir zady düşündirjek bolýar ol görgüli. Gürlemänsoň, hiç kim oňa seredenogam. Ol içi-içine sygman, aýagyny tapyrdatdy.

Akgyzyň ýer depip, böküp durmasyny geňlän Altynjan oňa syrly seretdi, ýöne ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmedi, duşuşygyň geçen ýerine seretmesini dowam etdirdi.

Gülýüzli ýene böküp ýer depdi. Altynjanyň böwrüne öwran-öwran hürsekledi.

– Öldürýäň, böwrümi deşdiň, gyz, saňa näme bolýar? Näme üçin ýer depýärsiň? Ýerde bir zat barmy? – diýip, Altynjan onuň bolşuna geňirgendi. – Raks oýnalymy? Häzir raks oýnasak gelşiksiz bolar.

Gülýüzli özüni görkezip, ellerini ýokary galdyrdy.

– Asmana uçjakmy?

Keniz başyny ýaýkady.

– Onda näme? Bürgüt barmy? Bürgütden gut dilälimi?!

Akgyz başyny ýaýkap, günleç ses etdi.

– Diliňden ary çakdymy?

– Ýok, ýok – diýip, Gülýüzli haşşyldady. Boýnundaky monjugyna elini ýetirdi. (Wah, ol iki oduň arasynda galdy: monjugy beresi gelenok, ýöne şeýlebir gürläsi gelýär, şeýlebir gürläsi gelýär!) – Hajar hatyn, men ýekeje gezek gürläýin. Soň gürlejek däl. Ölýänem bolsam gürlemerin.

– Ýeke gezek gürläniň zyýany ýok.

– Näme aýtmak isleýärsiň? – diýip, Altynjan towsaryp seretdi.

– Wiý-weýla, ýadymdan çykdy.

– Ýalan aýtjak bolansyň, sebäbi ýalan söz tiz ýatdan çykýar.

– Wiý-weýla, ýadyma düşdi.

– Näme?

– Aý, ýok, aýtjak däl!

– Aýt, aýt!

– Nyşapur näçe günlük ýolka?

– Bar aýtjagyňam şu sözmi?

– Ýok. Başga-da aýtjak sözüm kän... Men bir zad-a bilýärin – Gülýüzli howlukmaç ýuwdundy. Özünden nämäni bilýändigini sorarlaryna garaşdy, ýöne ondan Altynjanam, Hajar hatyn hem hiç zat soramady. Gülýüzli olaryň soramandygy üçin öýke etjek bolup durmady. Ýüregindäkini aýtmasa boljak däl, şonuň üçinem aýtdy. – Men bir zad-a anyk bilýärin. Aýt diýseňiz, aýdaýyn. Mensiz içiň gysyp ölersiň. «Gülýüzli dogry aýdýan eken» diýersiň. «Gülýüzli öňdengörüji eken» diýersiň... Melikäm, seniň geljegiň geldi. Sen bu gün geljek atly bedewe atlanýarsyň. Bu bedewiň üstünde men seniň älemi haýrana goýjakdygyňa ynanýaryn. Bürgüt bir ganat bilen uçup bilmeýär. Seniň bir ganatyň mendirin, melikäm...

## On üçünji hekaýat

## DEPEGEN SYRTYNY SÜSEGEN ÝYRTAR

### Toý başlandy

Harun Altyndaşyň toýa gatnaşjakdygyny eşidip, şalygyň iň çet etraplaryndanam gelipdiler. Abdylmälik hanyň dosty-ýarlary toýa dolup-daşyp geldiler, köp-köp engam-hedýe getirdiler. Janahyr halwaçy bir süri dowary bir çopany, iki çolugy bilen toýa sowgat getirdi, Altynjana

altyn ýüzük berdi. Gaty üýtgeşik, owadan ýüzük. Bu ýüzügi hytaý zergärleri ýasapdyrlar.

Halwaçy toýa maşgalasy bilen geldi, onuň ýanynda üç hatyny, ondan gowrak ogul-gyzy bardy.

– Abdylmälik, men seniň toýuňa öýiçi geldim – diýip, Janahyr halwaçy göçgünli aýtdy. – Ikimiz ýaşlykdan bäri doganlarça gatnaşýarys. Seniň toýuň – meniň toýum, meniň toýum – seniň toýuň. Arada aramyza sowuklyk, töhmet düşjek boldy. Hernä, onuň geçdigi bolsun! Aramyza düşse, diňe mähribanlyk düşsün, aramyza garyndaşlyk düşsün. Meniň ýetişip ugran bir gyzym bar, şol gyzymy saňa berip, dostluk gatnaşygymyzy garyndaşlyk gatnaşygyna öwürmek isleýärin. Ýadyňda bolsa, maňa Tümen begiň göwni gararypdy. Päkligimiň alamaty hökmünde gyzym Tümen begiň oglunyň gelni bolsa, göwnüm has rahatlyk tapjak. – Janahyr halwaçy on iki-on üç ýaşlaryndaky bir hoşlaka gyzjagazy hanyň ýanyna getirdi.

Gyza göwni ýeten han:

– Hany, Anuşirwan?! – diýip, töweregine garanjaklady.

– Baba (Anuşirwan ekizler deýin Abdylmälik hana «baba» diýip ýüzlenýärdi, han hem ony ogullaryndan aýry tutmaýardy, oňa: «Oglum» diýýärdi), men bärde! – diýip, Anuşirwan hanyň huzuryna ýylgyrjaklap geldi.

– Hany, şu gyzy synla!

Anuşirwan garşysynda duran on iki-on üç ýaşlaryndaky gyzjagazy ünsli synlady, eýjejik, inçesagt, ak ýüzli, ýuka dodakly, gür galam gaşly, uly ala gözleri mähirden doly, näzli bakyşly gyzy gören dessine halady. Asyl, ilkinji bakyş ýaş juwanyň kalbynda harasat gopdurdy:

– Adyň näme?

– Göwheraý.

– Baba, synladym.

– Seni şu gyza öýeräýeli?!

– Men doganlarym Habyl bilen Kabyldan soň öýlenmeli.

Anuşirwanyň bu sözüni Göwheraý halamady, ol gözýaş döküp ugrady.

– Göwheraý, näme üçin aglaýarsyň?

– Meni halamadyň.

Anyşirwan Göwheraýyň elinden şapba tutup, Abdylmälik hana ýüzlendi:

– Baba, bu gyz diňe meniňki bolmaly!

– Razdan, men seniň çagalaryňdaky şu çürt-kesikligi halaýaryn – diýip, Janahyr halwaçy hana aýtdy, Anuşirwanyň başyny sypady.

Abdylmälik han «loh-lohlap» güldi.

– Ýör, men seni walydama görkezeýin – diýip, Anuşirwan Göwheraýyň elinden tutup, hareme bakan ugrady.

– Men Altynjan melike hakda köp eşitdim, ýöne özüni welin, ýekeje gezegem görmedim.

– Häzir görersiň – Anuşirwan hareme baryp, Altynjanyň şebistanyna kürsäp girdi. – Walydam, bilýärmiň, men seniň ýanyňa kimi getirdim?!

Altynjan Gülýüzlä nämedir bir zatlary tabşyryp dur eken. Anuşirwanyň sözlerinden soň ol Göwheraýy hyrydar gözleri bilen synlady, gyzjagaza göwni ýetdi.

– Bu göwheri sen jennetiň haýsy bagyndan tapdyň?

– Haladyňmy?!

– Haladym, daýy, haladym. Bu gyz saňa yhlasly, wepaly bolar.

– Meniň üçin iň esasy zat seniň halanlygyň, käbäm.

– Mertebede ömri-deraz ýaşaň! – diýip, Altynjan Göwheraýyň ýüzünden, eginlerinden sypady. – Sen kimiň gyzy?!

– Men Janahyr Geçdekiniň gyzy.

Altynjan bu söze boz-ýaz boldy:

– Näme diýdiň?

– Men Janahyr Geçdekiniň gyzy.

– Lalam, näme üçin geňirgendiň? Babam bilen aralarynda bolup geçen düşünişmezlik üçinmi? Bu hakda ýaňy Janahyr halwaçy-da aýtdy.

– Näme diýdi?

– Ol: «Arada aramyza sowuklyk, töhmet düşjek boldy. Ýadyňda bolsa, Tümen begiň maňa göwni garaldy. Päkligimiň alamaty hökmünde gyzym Göwheraý Tümen begiň oglunyň gelni bolsa, göwnüm has rahatlyk tapjak» diýdi.

Altynjan dymdy, janperwer keşmerindäki ýylgyryş aýryldy.

– Lalam, saňa näme boldy?
– Daýy, babaň Janahyr halwaçyny halanokdy ahyryn.
– Men-ä size düşünýän däldirin. Eger Janahyr halwaçy hakykatdan hem babamyň duşmany bolan bolsa, onda näme üçin onuň bilen egana gatnaşýarsyňyz? Näme üçin ondan bir süri dowar hedýe alýarsyňyz? Onda näme üçin sen onuň gymmatbaha ýüzük hedýesini aldyň?
– Men babamyň islegini amal etdim.
– Indi näme üçin onda babamyň islegine garşy çykýarsyň?
Göwheraý aglap gapa bakan gönükdi:
– Göwheraý, saklan. Men seni hiç kime bermerin. Sen meniňki bolarsyň – diýip, Anuşirwan Göwheraýy elinden çekip saklady. – Käbäm, menden hiç zat ýaşyrma. Maňa açyk jogap ber.
– Men senden hiç zat ýaşyramok.
– Babamyň betbagtçylyga uçramagynda, wepatynda Janahyr Geçdekiniň eli barmy?
– Ýok.
– Onda näme üçin meni bu gyzdan mahrum etjek bolýarsyň?
– Daýym Janahyr Geçdekini ýigrenýärdi, Anuşirwan.
– Babam kimdir biriniň gepine gidip, Göwheraýyň babasyna zulum etdi: öýüni kelete etdi, otlady. – Anuşirwan sesine biraz bat berdi: – Şeýle-de bolsa, Göwheraýyň babasy geçirimlilik etdi, babamy ýamanlap, Harun hökümdara arz etmedi. Eger ol arz eden bolsa, biziň günümiz hasam erbetleşerdi.
– Bu pikiri saňa Janahyr Geçdeki aýtdymy?
– Kim aýdanda, näme?
– Kim aýtdy?
– Göwheraýyň babasy.
– Düşnükli.
– Näme düşnükli? Meniň üçin-ä düşnükli zat ýok.
– Anuşirwan, daýym Janahyr Geçdekini özüne duşman hasaplaýardy. Ol göründe rahat ýatsyn ahyryn!
– Sen häzir bilgeşleýinden kejirlik edýärsiň, käbäm.
– Ýok, men kejirlik edemok, men seniň düşünmegiňi isleýärin.
– Men nämä düşünmeli? Babamyň ýalňyşandygynamy? Onuň ýalňyşandygyny özüň menden gowy bilýärsiň!
– Anuşirwan, gaýtalap aýdýaryn. Hossarlar ýalňyşmaýarlar. Ikimiz üçin iň esasy zat seniň babaňyň, meniň daýymyň näme pikir edendigi. Onuň eden pikiri – ikimiz üçin iň möhüm zat. Hossarlar mydama – gaýtalap aýdýaryn – hossarlar mydama hakdyrlar. Ölmezinden burun Tümen beg haýsy pikire gulluk eden bolsa, sen ogul hökmünde, men ýegen hökmünde şol pikire gulluk etmelidiris. Pikiriň ýalňyşdygyny bilseňem, ogul hökmünde ol pikire: «Ýalňyş pikir» diýmäge seniň hakyň ýok, meniň hem ýegen hökmünde hakym ýok.
– Onda näme üçin: «Daýymy öldüren ganhor» diýip, ýigrenen duşmanyňa – Togrul bege äre çykmaga şaýlanýarsyň?!
Altynjanyň bu sowala jogaby taýýardy, ýöne ol köp manyly dymdy.

* * *

Keski Kelew toýa iki ýüz meşik şerap getirdi.
– Goý, toý güni içilsin, göwün açylsyn – diýip, Keski Kelew dabaraly aýtdy.
Emir oňa minnetdarlyk bildirdi, saçak başyna çagyrdy. Onuň bu tarhandökerligini Janahyr Geçdeki halamady, emiri kesä çekdi:
– Doganym, sen göwnüňe hiç zat getirme, ýöne men içki howsalamy saňa aýtmasam, rahat gezip biljek däl.
– Näme boldy?
– Enteg-ä bolan zat ýok, ýöne bolmagyndan gorkýaryn.
– Nämäniň bolmagyndan?
– Keski han – gowy han, ýöne onuň bolşy, ýüz düýe şerap getirmegi maňa gaty syrly görünýär. Ol, göwnüme bolmasa, bir ýowuz iş gaýyrmakçy bolýan ýaly görünýär.
– Näme?
– Hudaý saklasyn, Hudaý saklasyn. Meniň göwnüme herki zatlar gelýär.
– Şeraplar zäherlidir öýdýärsiňmi?

– Belki, zäherlidir... Herhal, toý geçýänçä şeraplary buky ýerde saklaly.
– Goý, seniň diýeniň bolsun!

* * *

Iki ýüz gassap aldygyna mal soýdy.

Seljuk begleri sawçylyga gelenlerinde giň howlynyň içine düşäp çykan halylaryny meýlisden soň goýup gidipdiler, şol halylar ýene howlynyň içine ýazyldy.

Beýle toýlar günde-günaşa bolup duranok. Şeýle bolansoň, toýa gatnaşmaga Jeýhunyň iki tarapyndanam köp adam geldi. Golaý-goltumdaky obalaryň adamlarynyň-a tas ählisi diýen ýaly geldi.

Toý galanyň içinde-de, daşynda-da tutuldy.

Dogrusy, toýuň ulusy galanyň daşyndady. Aýdym-saz belentden ýaňlanýardy.

Uzynly gije aýdym-sazyň sesi ýatmady. Rakys oýnaldy.

Asyl zamahşarlylar toýa suwsap giden ekenler: olar gije ýatmalydygynam ýatlaryndan çykardylar.

Gijeki rakslar, aýdym-sazlar toý gününiň aýdym-sazy, raksy bilen utgaşyp gitdi.

Beýle toý soltan Hysrow Anuşirwan Adylda-da, Nuh Samanyda-da, soltan Mahmyt Gaznalyda-da bolan däldir.

Bu mahal ähli kişi toý toýlaýardy, ýöne Altynjan şebistanyndan çykman çugutdyryp otyrdy.

Indi Zamahşardan gitmeli.

Altynjan ýany bilen alyp gitjek zatlary barada köp oýlandy.

Togrul begden galan gamçyny alyp gitmelimi?

Gelşiksiz bolaýmasyn?!

Altynjan gamçyny teblehananyň demirgazyk tarapyndaky sütü-niň düýbüne gömdi.

Onuň Zamahşarda galdyrýan zady diňe bir gamçy däldi.

Tümen daýysynyň beren baýlyklary-da galmaly bolar. Bir sähetli güni – eger ol gerek bolsa – Togrul beg bilen gelip, bilelikde alyp gider. Bu meseläni, goý, Togrul beg çözsün! Belki, gömlen baýlygy Anuşirwana başybitin berer?! Muny wagt salgy berer.

Hoş gal, Zamahşar!

Hoş galyň, mähribanlarym!

* * *

Iki hili ýagdaýda: bir-ä agyr günde, birem mes gününde kimiň-kimdigi tanalýar.

Altynjanyň toýy Haldana ezýet berýär: ol hyýalynda ezizläp ýören gyzyny bu gün durmuşa çykarýar. Şu günden başlap, oňa Altynjany görme ýok. Eýýäm ýüregi sogrulyp gidip barýan ýaly bolup dur, onuň göwnüne. Altynjan Zamahşardan gitse, belki, onuň üçin gowy bolar?! Parahat durmuşda ýaşar.

Onuň aňynda köwsar urýan ugur-utgasyz pikirler kändi, juda kändi. «Erkekler aglamaly däl» diýýärler. Onuň welin, bagyryp-bagyryp aglasy gelýär, kimdir biri bilen raz aýdyşasy gelýär.

Ol mes bolup, raks oýnady. Lüti çykýança oýnady. Soňam gidip ýatmagy makul bildi.

Hana, çiltenler hyzmat edip ýör. Olara birpaýyz syn eden Haldanyň myrryhy atlandy. Ol çiltenleriň onbaşylary Çyrlak bilen Ýatmazy ýanyna çagyrdy.

– Men näçe ýaşymda?
– Sen ýigrimi bäş ýaşyňda – diýip, Çyrlak ýylgyrjaklady.
– Sen näçe ýaşyňda?
– Menmi? On sekiz ýaşymda.
– Sen näçe ýaşyňda? – diýip, Haldan Ýatmazyň döşüne süýem barmagyny dürtdi.
– Men Çyrlak bilen gözlüje ýaşyt.
– Altynjan näçe ýaşynda?
– Melikämizmi? Ol biziň bilen gözlüje ýaşyt.
– Çyrlak beg, sen Altynjana indi «melikämiz» diýme. Şu günden başlap, ol siziň melikäňiz däl. Ýörüň, derýa gidip, peşlerimizi oklalyň.
– Peşiňi derýaga näme üçin oklajak, Haldan?
– Wa-weýla, şonuň sebäbini-de bileňokmy, Ýatmaz beg?
– Bilemok-da şony, Haldan han.
– Zamahşarda erkegiň ýoklugy üçin peşlerimizi oklalyň.

– Sen erkek dälmi?

– Men erkek däl. Mendenem bir erkek bolarmy? Men içi boş töňňe. – Haldan Ýatmaz bilen Çyrlagyň ellerinden çekdi. – Ýörüň, gidip aglalyň. Ähli̇miz jem bolup aglasak, gözýaşymyzdan ikinji Jeýhun derýasy dörär. Biz döreden derýamyz bilen Ürgenji suwa gark edeliň! Gypjak düzüni gözýaşymyza gark edeliň.

– Haldan han, saňa näme bolýar? – diýip, Çyrlak Haldanyň bolşuna, diýýän sözlerine geň galdy.

– Sen maňa jogap ber, Çyrlak beg! Sen Oguz hanyň haýsy oglunyň nesebinden?

– Biziň ähli̇miz Gün hanyň Gaýa diýen oglundan.

– Oguz hanyň wesýeti boýunça Gün hanyň ogullarynyň borjy näme?

– Ähli Oguz neberesine patyşalyk etmek.

– Oguz hanyň Deňiz diýen oglundan bolanlaryň borjy näme?

– Patyşanyň hyzmatynda bolmak.

– Olaryň patyşa gyzyna öýlenmäge hukugy barmydyr?

– Ýokdur.

– Oguz hanyň Gün han, Aý han, Ýyldyz han ogullary – ylahy ogullar. Olar ýurda patyşalyk, ýolbaşçylyk etmeli. Oguz hanyň Gök han, Dag han, Deňiz han ogullary – zemini ogullar. Olar – patyşalaryň, hanlaryň, begleriň, ýolbaşçylaryň hyzmatynda durmaly ogullar. Olar mal bakmaly, suw çekmeli. Nahar bişirmeli.

– Eý, Eflatun han, hany, açyk gürlesene! Maňa şu mahal boş takal gerek däl – diýip, Ýatmaz Haldanyň üstüne azgyryldy.

– Hany, onda aýt, şu gün kim-kime hyzmat etdi?

– Bes et, Haldan! – diýip, Çyrlak hem Ýatmazy goldady.

– Biz pederlerimize hyýanat edýäris. Pederlerimiz biziň günämizi geçmez. Patyşa hyzmatkärine hyzmat etdi şu gün.

– Bar, git-de ýat! Toýy bulaşdyrjak bolma.

– Haldan bilmeýändir öýdüp ýalňyşýarsyňyz. Men hemme zady bilýärin: sizler – çiltenler – Altynjanyň aşyklary. Siziň eliňizden Altynjany Oguzyň hyzmatkär bolmaly ogly alyp gidýär. Siz hyzmatkäre hyzmat edýärsiňiz. Ediberiň! Ediberiň! Sebäbi Zamahşarda erkek ýok. Gün kowumynda erkek ýok. Indi Deňiz kowumy hökümdar bolar. Çiltenler – binamyslar! Siziň baryňyz binamys! Siz hyzmat...

Haldanyň aýtjak zady kändi. Ol ýaňy bat alyp ugrapdy. Çyrlak bilen Ýatmaz ony şeýlebir ýepbeklediler welin, ol soň asyl geplejek bolmady. Ýerde parahat ýatyr. Çiltenler ony ýerine eltip ýatyryp gaýtdylar.

Dünýäni unudyp, myrlap ýatyr ol.

* * *

Kejebe geldi.

Üç sany äpet pil! Olar altyn-kümşe bezelipdir.

Salar Gazanyň: «Gerekli zadyň agramy bolmaz» diýeni dogry eken. Seljuk gelinleri Altynjany emgenmän göterip pile mündürdiler.

Piliň üsti Akgaryň üstündenem rahat eken. Sallançak çalaja hüwdüleýän ýaly duýulýar.

Altynjan ömründe pile münüp görmändi. Ol bäş-on ýaşlaryndaka Arsahuşmisen şäherinde ilkinji gezek pili görüpdi. Şonda ol-a: «Pile münjek» diýip, Sadylla bolsa piliň ýakynyna barmakdan gorkup aglapdy. Sadyllanyň gorkandygy üçin Altynjany pile mündürmändiler. Sadylla gorkmadyk bolanda olar pile münäýmelidiler. Çagalygynda eden arzuwyna ol, gör, bu gün ýetdi.

Altynjan özüni piliň üstünde oňaýsyz duýdy. Hana, Togrulyň gelnejeleri ylla piliň üstünde önüp-ösen ýaly, gaty arkaýyn otyrlar. «Jykyr-da-jykyr» gülüşýärler.

Eltileriniň şadyýanlygy Altynjanyň hoşuna geldi. Yslamdan öň durmuşa çykýan gelni birkemsiz bezelen saý ata mündürip äkidipdirler. Indi pile, düýä mündürip äkidip ugradylar. Oguz dessury üýtgäp barýar. Ýigit bilen gelniň alma atyşmasy-da galaňkyrlady.

Pil ýöräp barýar welin, äpet bir öý süýşüp barýan ýaly.

Altynjanyň göwnüne, dünýäniň ähli adamy kejebäniň iki ýanyna jemlenen ýalydy, sap-sap goşunyň hem aňyrsyna-bärsine göz ýetenokdy.

Altynjan ýuwaş-ýuwaş öwrenişdi. Töweregine garandy. Ilkinji gören eltisiniň ady Gyzbibidi. Maňyzly-maýaly hatyn Altynjany sypap-sermäp jigerine salaýjak bolýar. Özem geplände «jigerim» diýip ýüzlenýär, çekinmezligi öwran-öwran ündeýär. Özüniň gapdalynda boljakdygyny, hemaýat etjekdigini nygtaýar. Altynjan bu gelni öň iki gezek gördi. Birinji gezek Togrul begi öldürmek niýeti bilen Gauhora baranda bu gelin oňa

gorküýzeden buz ýaly gymyz guýup berdi! Altynjan Gyzbibini ikinji gezek gudaçylyga gelende görüpdi, ol şol wagtam häzirkisi ýaly mähribandy, hoşmanzardy, gujaklaşypdy. Olar köne joralar deýin ýene gujaklaşdylar. Gyzbibiniň hoşamaýdan hoşamaý sözleri, hoşmanzarlygy Altynjany rahatlandyrdy. Ýogsam ol başda aşa howsala düşüpdi, baran ýerinde nämeleriň boljakdygyny, nähili ýaşajakdygyny takyk bilmeýärdi. Gyzbibi bolsa oňa howlukman, ähli etmeli zatlaryny – pil düşlege baryp duransoň, ýere nädip düşmelidigini, ýere ilki haýsy aýagyňy basmalydygyny, onsoň nähili ýörmelidigini, Togrulyň ýanyna baransoň nämeleriň boljakdygyny birin-birin düşündirýärdi.

Gyzbibi Altynjanyň egnindäki ähli eşigini çykaryp, galyň içki kürtekçe geýdirdi.

– Siz maňa nähili içki geýdirdiňiz? Ol gaharlanar – diýip, Altynjan garşy çykdy. – Ol «Öz iberen zatlarymdan başga hiç bir zat geýmesin» diýipdir-ä.

– Gorkma, jigerim, gorkma. Içki eşigiňi gerdege [1] gireniňden soň aýrarys. Özümiz maşşate [2] bolarys saňa.

– Maňa näme üçin içki kürtekçe geýdirýärsiňiz? Ol gamçylanda agyrmasyn diýipmi? Onuň ýaly bolsa, gerek däl. Men gamçydan gorkamok.

– Ýok, ýok, onuň üçin däl. Bu häki bir kynyk yrymy. Biz Togrul begden izinsiz hiç iş etmeýäris. Diňe onuň buýran zatlaryny edýäris.

– Içki kürtekçe geýmegimi-de ol tabşyrdymy?

– Onuň yradasy bolmasa, saňa el degrip bilmeris ahyry biz.

Kejebäniň içi daşardan görnenokdy. Daşaryny synlajak bolsaň, tutyny syryp seretmelidi. Ýöne piliň üstünde uzak oturmaly bolmady.

Üç mil geçilip, Muhammet Togrul begiň düşlän düşlegine baryldy.

Adamyň köpi bu ýerde eken.

Surnaýdyr kernaýlar çalynýardy.

Süýjüden süýji sazlara göwünleri joşýan kişiler towsuşyp raks oýnaýardylar.

Uly şowhun, uly dabara bilen Altynjany pilden düşürdiler.

Ol özbaşdak ýeke ädimem ätmeli bolmady. Ähli ätmeli ädimini Gyzbibi öwretdi.

* * *

Giden mähelle!

Ähli kişi tomaşa görjek!

Ähli kişi Togrul begiň bikir nyşanlysyny görjek!

Ähli kişi gelniň garşylanyşyny görjek!

Ähli kişi Muhammet Togrul begiň gelnini gamçylap urşuny görjek!

Altynjanyň her tarapynda bir eltisi ýöräp barýardy. Olar esli aralygy bile ýöränlerinden soň, birki ädim yza çekildiler.

Indi Altynjanyň ýeke özi ýöremelidi.

Altynjanyň iki tarapy adamlardan ýaňa myg berýärdi. Onuň ýöreýän ýoluna haly düşelipdi. Halynyň üstem durşuna güldi.

Her hili owadan güller. Nisar dessury [3] boýunça Altynjanyň ýörejek ýoluna, üstüne gül seçeleýärdiler.

Bir seljuk begi (Kelan Baýgu) Altynjanyň üstünden dinar seçeleýär. Adamlar ol dinarlary ýere ýetip-ýetmänkä garbap alýarlar.

Sazyň sesi kesildi.

Dym-dyrslyk.

Altynjan dähedem-dessemläp barşyna on bäş-ýigrimi zirag aralykda Muhammet Togrul begiň durandygyny aňdy. Çünki ol aşak bakyp barşyna adamlaryň donlarynyň synlaryndan çen tutdy. Bu donlaryň eýeleri serkerdeler, atly-abraýly adamlar bolmaly.

Altynjan şindem dähedem-dessemläp barýardy.

Bu ýere jemlenen halaýygyň köplügi hem toýuň tutumy – Muhammet Togrul begiň Altynjana söýgüsiniň alamaty! Muny kim duýmasa-da Altynjan duýýar!

Eý, Hudaý, dünýäde Altynjan ýaly söýülýän başga bir zenan barmyka?

Altynjany beýik Rahman ezizleýär. Beýik Rahman bendesini ezizlände, ine, şeýle merdi-merdana gerçege duşurýar. Şeýle toý edýär. Altynjanyň bu derejä ýetmesi şeýlekin bir tötänlik däl! Ýok, ýok, bu beýik Perwerdigäriň emri! Bu beýik Perwerdigäriň ýalkawy!

Altynjan dünýä inende soltan Mahmyt Gaznalynyň Zamahşara barmagy, howla ilkinji ädimini ädende onuň jägildäp dünýä inmegi beýik Perwerdigäriň eradasy!

Şonda beýik soltanyň ýaňyja dünýä inen çagajygyň gulagyndan üç mertebe çala çekip, «Altynjan» diýen ady bermegi hemem «Beýik bege hemra bolmagyny» dileg etmegi beýik Perwerdigäriň eradasy!

Patyşa – Allatagalanyň Ýerdäki wekili. Allatagala öz işlerini şol wekiliniň eli bilen edýär.

Bu gün Allatagalanyň – onuň ýerdäki wekili bolan soltan Mahmyt Gaznalynyň (onuň ýatan ýeri jennet bolsun!) mundan on sekiz ýyl owalky islegi amal bolýar.

Bu gün soltan Mahmyt Gaznalynyň mundan on sekiz ýyl owalky dilegi bilen Altynjan «Beýik bege hemra bolýar!»

Wah, şu toýy soltan Mahmyt gören bolsady!.. Arman!..

Ine, Altynjan soltan Mahmyt Gaznalynyň pata beren «beýik beginiň» ýanyna barýar!

Ol Togrulyň üç-dört ädim garşysyna baryp saklandy.

Ol Muhammet Togrul begiň mährini duýdy. Sandyramasy öňkü-sindenem artdy.

Egilip tagzym etdi.

– Aý, ýok, bolanok, täzeden tagzym etsin! – diýip, Togrul begiň ýanyndakylar gygyryşdylar.

Altynjan öňküsindenem has yhlasly tagzym etdi.

– Bolanok!

– Aýagyňa ýykylsyn. Aýagyňy ogşasyn!

Bu çakyr ses Altynjana juda tanyşdy. «Eý, Hudaý, bu kimkä? Öz-ä gaty tanyş. Men bu sesi öň nirede eşitdimkäm?!» diýip, Altynjan içini gepletdi. Ýadyna salyp bilmedi, ses çykan tarapa göni seretmegi bolsa gelşiksiz gördi.

Togrul beg Altynjana ýüzlendi:

– Altyn gyz, mähelläniň näme isleýändigini eşidýärmiň?!

Altynjan tekepbirdi, ýöne bu ýerde ol tekepbirlik etmedi. Ikidyz oturyp, Togrul begiň ädigini taýly gezek öpdi. Maňlaýyny degirdi. Barybir, göwnüne makul bolmady, begiň sag aýagyny garsa gujaklady.

Beýle sadykatlylyga, megerem, hiç kim garaşmadyk bolsa gerek, adamlar tolgunma bilen gelniň bolşuny synladylar, oňladylar:

– Ine, indi boldy!.. – diýip, çakyr sesli kişi seslendi.

Altynjan Togrul begiň özüni urmalydygyny ýatlady-da, biraz yza çekildi.

– Togrul beg, gelniňi uraňok-la? – diýip, ýerli-ýerden soradylar.

Togrul beg biline gysdyrylgy gamçysyny alyp, elinde oýnatdy, soňam Altynjany ýuwaşjadan gamçylandan boldy.

– Ur!

– Ur, Togrul beg! Dözümliräk ur!

– Aý, muňa urduk diýmezler. Hatynyň nähili hatyn boljakdygy häzirki urşuňa bagly bolar – diýip, çakyr sesli kişi janykdy.

– Häzir urmasaň, soň öz buduňa urmaly bolarsyň!

– Hatynyň iň gowusy gözüňe tüsse gapdyryp lezzet alar.

Ýene çakyr sesli dillendi:

– Hatyn bilen şeýtanyň gowusy bolýan däldir. Ur! Ur!

Adamlaryň sesi tapba kesildi, Togrul beg olara gaharly sereden bolarly.

Altynjan gamçynyň şuwwuldysyny eşitdi. Şuwwuldy yza öwrülip, Altynjanyň ýagyrnysyny ýakyp-ýandyryp gitdi. Eý, Hudaý! Togrul beg akylyndan azaşdymyka? Heý, beýdibem bir urmak bolarmy? Altynjan görgüliniň näme günäsi bar? Urmalymyş diýseler, Togrul beg yrym-yrym, ýom-ýom edäýmän, gara çyny bilen urýar.

Üç!..

Bäş!..

Dokuz!

Musa beg saklanyp bilmedi:

– Togrul beg, sen gelniňi-hä öldüräýdiň öýdýärin.

– Altyn gyz bu, altyn gyz. Çydamly bu.

Altynjanyň gözüniň alnyndan kinniwanja uçgunjyklar gaýmalaşýardy. Ýöne Togrul begiň şol sözünden soň, şol sözler bilen uçgunjyklar gamçynyň awuşan ýerlerine melhem bolup çaýyldy.

Altynjanyň eltileri ylgap gelip, hersi bir goltugyndan tekge berdi.

Adamlar jem bolup gygyryşdylar:

– Gelniň ýüzüni görkez!

Togrul beg gelip, Altynjanyň tuwagyny aýyrdy-da, çekgesine elini goýdy.

– Başyňy galdyr, Altyn gyz. Goý, bu kynyk begleri Togrulyň hatynynyň dilir dilguşalygyny görsünler. – Togrul beg Altynjany bir «hop» diýende çep egnine mündürdi-de, halaýygyň görmegi üçin öz daşyndan ýuwaşja aýlandy.

Altynjanyň sahypjemalyny gören mähelle uly gowur turuzdy. Kynyk begleri Togrul begiň hatyndan oňandygyny, Altynjanyň biçak hoşmanzardygyny nygtadylar. Togrul bege lezzetli aýşy-eşretleri dileg etdiler.

Togrul beg Altynjany egninden eda bilen düşürip, Gyzbibi bilen Peýkertuwaga ýüzlendi:

– Gelnejelerim, meniň Altyn gyzymy gerdegime eltiň, näme islese, mähetdel bitiriň, göwnüne degäýmäň!

– Begiň hatynynyň göwnüne, heý, degip bolarmy?! – diýip, eltiler Altynjany giň gerdege alyp bardylar.

Bu mahal Altynjanyň aňynda diňe bir pikir öwç alýardy, ol hem çakyr sesli kişini bogup öldürmek, kerçem-kerçem etmek pikiri. «Men ony hökman taparyn. Hökman taparyn» diýip, ol öwran-öwran gaýtalady. Çakyr sesli kişiniň sözleri welin, onuň aňynda zol-zol gaýtalanýardy: «Hatyn bilen şeýtanyň gowusy bolýan däldir. Ur! Ur!»

* * *

Altynjanyň garaşan täze ömri başlandy.
Ikinji ömür başlandy.
Altynjanyň hakyky ömri başlandy.
Beýik Biribar diňe gowusyny etsin!
Ýaramaz günler duşmanyň başyna lagnat bolup insin.
Allatagala şerapatly, mürewwetli ömri-deraz bersin!

## On dördünji hekaýat

## ŞOL GIJÄNI «ZAMAHŞAR GIJESI» DIÝIP ATLANDYRDYLAR

Şeýlebir adam kän, şeýlebir adam kän, Altynjan olaryň hiç birinem tananok. Asyl, oňa bu ýerde tanyş hiç kim, hiç zat ýok.

Nisar dessury bilen giren gerdegi-de oňa nätanyş. Ol birmeýdan butnaman durup, içerä göz aýlady. Giň gerdegiň içi ylla köşkdi. Ýere köz deýin gyzyl halylar düşelipdir. Olaryň üstünde altyn-kümüşlerden ýaňa aýak basara ýer ýok. Gerdegiň tärimleri şaý-sepler bilen bezelipdir.

Içeri giren ýeriňde ojak bar, onda ojar odun alawlaýar. Ojagyň iki gyrasyna gypjak sährasynyň [1] gaplaňlarynyň derisinden posdekler[2] düşelipdir.

Çep böwürde, iki zirag çemesinde gat-gat düşek gyzyl mahmal bilen örtülipdir.

Ortada, iki zirag çemesi beýiklikde sypa, onuň üstünde bolsa öýüň içindäki öýe meňzäp duran telär bar. Sypanyň dört burçundan ýogyn agaçdan sütün galdyrylyp, olar daşy nagyşly agaçlar bilen birleşdirilipdir. Teläriň üstüne aňrysy görnüp duran ak atlaz atylypdyr. Gerdegiň içindäki gerdek – telär ertekilerdäki patyşalaryň şebistanyny ýatladýardy. Gerdegiň içindäki gerdekde – sypanyň üstünde ak-gara-gyzyl ýüpek sapaklar bilen jäheklenen iki sany ýassyk goýlupdyr. Diýmek, bu ýerde Altynjan bilen Togrul beg ýatmaly bolar. Sypa gerdegiň ep-esli ýerini tutup durdy.

Altynjany ojagyň çep tarapyndaky posdekde oturtdylar.

– Içerik hiç kim girmez, indi içki kürtekçäňi çykaraý – diýip, Musa begiň aýaly Peýkertuwak ýylgyrdy. – Urlup görmänden soň, Togrul beg gamçynyň awusynyň nähili agyrylydygyny bilenok. Ol urşy bilen içki kürtekçe dagy geýdirmedik bolsak, seni öldüräýjek eken, ol.

– Altynjan, sen bizden uýalma, içki kürtekçäňi çykar, gamçyň yzyna melhem çalaly. Bizem bir mahal edil seniň geçen ýoluňy geç-dik. Ýöne bize içki kürtekçe geýdirmediler. Şonuň üçin ýagyrnylarymyzda

gamçynyň besse-besse yzy häzirem bar. Onsoň, saňa nebsimiz agyryp, sygryň eýlenen iki gat derisini kürtekçe edip geýdirdik – diýip, Gyzbibi Altynjana eşigini çykarmaga ýardam berdi.
– Wa-weýla, wa-daryg-a, beýtmeli däl ekeniňiz-dä.
– Şeýtmedik bolsak, sen bu mahal biz bilen häzirkiň ýaly arkaýyn gürleşip oturyp bilmezdiň. Ýa öli bolardyň ýa öliniň bäri ýany.
– Altynjan, sen özüň üçin taýýarlanan bu sypa bir seret – diýip, Peýkertuwak sypanyň gyrasyny sypady. – Beýle sypa dünýäde hiç bir patyşanyň hatynynda-da ýokdur. Bu diňe sende bar. Bizde-de ýok. Bilýärsiňmi, näme, Altynjan, Togrul bu sypa üçin gaty yhlas etdi. Ýigrimi düýe mahmaly gat-gat edip düşetdi şu ýere, şunuň üstünde ýatsaň, soň turasyň gelmez. Togrulyň özem ýatyp görenok entek bu düşekde. Yrym edip, seniň geleriňe garaşdy.
Altynjan göz astyndan eltilerini synlady: Peýkertuwak oral bolsa-da, hoşaýandalygyny saklapdyr, hereketlerinde näziklik bardy, eti-gany ýerindedi, uzyn boýludy, berdaşlydy, dilkeşdi, ak ýüzli zenanyň päk ahlaklylygy, uýaljaňlygy, hoşmanzarlygy edim-gylymyndan äşgär duýulýardy. Çep gözi çalaja gyzaryp durdy.
Gyzbibi maňyzly-meňzeşikli, güleryüzli, orta boýly nurana hem janperwer hatyndy. Ol gyýa-gyýa bakyp, hoşnigähli gürleýärdi. Sesi janyňa ýarap, hoşuňa gelýärdi. Dili süýjüdi. Ol gürlände sözleri biri-biriniň yzyna şeýlebir sepleýärdi welin, onuň mylaýym sözlerini diňledigiňçe diňläsiň gelýärdi. Ullakan ala gözleri özüne imrindirýärdi. Köp zada diýeniniň bolýandygy duýulýardy. Hereketleri, agyp-dönmesi Peýkertuwagyňky ýaly ýaýal hem agras däl-de, dilirlidi hem ynamlydy. Özem edeni gelşip durdy. Başga biri bolanlygynda Altynjan piliň üstünde eşigini çykaryp ýalaňaçlanmazdy, ýöne Gyzbibide söz bilen düşündirip bolmaýan bir jady bardy. Altynjan Gyzbibiniň nazaryna nazary kaklyşanda jadylanan ýaly bolup, onuň ähli emrini gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetiripdi. Indi gerdekde oturyp, kejebede eden zatlaryna öz ýanyndan hopugýardy.
Eltilerine seredip, Altynjan özüne giňlik bermäge, olaryň her bir sözüni ýatda saklamaga çalyşdy.
Peýkertuwak bilen Gyzbibi gaty arkaýyn hem ynamly hereket edýärdiler. Olar Altynjany uly çelekde ilki suwa, soňundan süýde düşürdiler. Altynjan süýde çümüp oturyp bolýandyram öýtmändi, süýt diňe içilýändir öýderdi. Ýöne seljuk gelinleri ullakan bir çelegi geçi süýdünden dolduryp, içine Altynjany saldylar. Soňundan ony ýene gyzgynja suwa düşürip, endamyna tübbet müşküni [3] çaldylar.
– Bu hökmanmy? – diýip, Altynjan Gyzbibä ýüzlendi.
– Hökman, jigerim, hökman. Bu enaýyja gumgumadaky [4] tübbet müşküni tapjak bolup, Togrul beg kösenmek kösendi. «Getirip berjek» diýip söz beren bezirgenler köp bolupdyr, ýöne olaryň beren sözleriniň yzy gelmändir. Eh, jigerim, bu erkekler üýtgeşik ýaradylypdyr. Men-ä bulara, teý, düşünip bilmeýärin.
– Nämesine düşünmeýärsiňiz?!
– Erkekler hatynlarynyň ýekeje ýylgyryşy üçin ähli baýlygyny orta dökerler. Ýurt aşyp ýa birnäçe ýyl yhlas edip, müşk gözläp, hatynyna bagyş ederler. Hatyn üçin döwletleri, köp-köp şäherleri, kentleri, obalary tozdurarlar, darkaş gurarlar, ençe adamlar pida bolar. Zenanlary depelerine täç ederler, wasp ederler. Seniň begenmegiň üçin uzak ýerlere ýörite gidip, kerwenläp mata getirerler  ýa getirderler. Erkek zenana edýän yhlasyny özüne-de etmez, ýekeje dostuna-da etmez. Ata-enesine-de etmez. Hatyna gowy görünmek üçin Çyna gider, Käbä gider. Hatyna ýaranmak üçin ähli zatdan gaýtmaz. Patyşa ýaranjak bolmaz, ýöne hatyna patyşalaram ýaranmak üçin gara gündedir. Arman, şeýdip ezizleýän hatynynyň depesinden gamçy urmagy hiç zatça bilmeýär. Eýsem, şu geň dälmi? Emma depäňden gamçy urýan şol erkek seniň tabşyran işiňi wagtynda etmändigi üçin müňläp gulamy gylyçdan geçirer. Seniň göwnüňi awlamak üçin köp-köp adamy öldürer...

* * *

Daşarda «Gelin» sazy çalnyp, rakys oýnalýardy.
Toý mähellesi garaňky düşensoň her ýüz-iki ýüz ziragdan uly ot ýakyp, olaryň töweregine üýşüp, meýlislerini dowam etdirdiler.
Ýagly-ýagly goýun etlerinden kakmaç bişirilýärdi. Çar ýandan bişen hem köýen etleriň ysy hap berýärdi.
Zamahşarlylar bir hepdeläp toý üçin halwadyr nişalla taýýarlapdylar. Hyzmatkärler ullakan mejimelerde myhmanlara zamahşar halwalaryny, nyşallalaryny hödürleýärdiler.
Arabalarda şerapdyr çakyr, bozadyr rakiýa [5] getirýärdiler. Bu arabalaryň nireden gelýändigi belli däldi. Biljek bolýanam ýokdy.
Rakiýalar, bozalar derýa bolup akýardy.

Togrul beg hem bu gün pyrlanmak pyrlandy. Topar-topar bolup oduň başynda oturan seljuk begleriniň ýanlaryna baryp, olar bilen boza içdi, raks oýnady.

Seljuk begleri raks oýnanlarynda wagşyýana gygyrýardylar.

Wagt ýarygijä baran-da bolsa, toý dowam edýärdi. Sazandalar ýagşydan-ýagşy sazlary çalýardylar.

Aýdymçylar göçgünli aýdymlar aýdýardylar.

Ýekeje-de serhoş däl adam ýokdy. Ähli kişi serhoşdy.

Goşun serhoşdy.

Esgerleriň rakiýa içmegine Çagry bilen Baýgu Kelan rugsat beripdi, çünki üstlerine abanýan howp ýokdy.

Altynjan daşardaky aýdym-saza, serhoş esgerleriň gykylygyna diň salyp, şindem gerdekde çugutdyryp otyrdy. Eltileriniň degdim-gaçdym gürrüňleri-de onuň ünsüni çekip bilmeýärdi. Tümen daýysy göz atuwynda peýda bolup, asyl aýrylanokdy. Ol Altynjana nämedir bir zatlar diýýärdi.

Megerem, ol ogly Anuşirwan barada soraýandyr?

Oglunyň Zamahşarda ýeke galdyrylandygyny eýýäm duýaýdymyka? Ol ýeke däl ahyryn! Onuň ýanynda Abdylmälik han bar, Habyl bar, Kabyl bar! Onuň kem zady ýok. Ejesi Şaýürek-de ertir gala dolanyp barar.

Anuşirwana galada hiç kim ala göz bilen seredenok. Dogrusy, ol alçak, suhangöý, gaýduwsyz, mähirli ýigit bolup ýetişdi.

Ol şeýle mähirli welin, nämäň bar bolsa oňa beresiň gelýär! Anuşirwan adamyň göwnüni awlamaga ökde. Onuň baş ýaragy – hoş sözi!

Tümen begem hoş sözlüdi. Ol Altynjanyň hoşuna geljek sözleri aýdýardy. Özem oňa mynasyp baha berýärdi.

Adamlara ähli döwürlerde iň ýetmeýän zat özlerine mynaşyp bahanyň, ünsüň berilmeýänligidir. Adamlar özlerine gowy baha berilmegine mydama teşne. Şol teşneligi gandyrýan kişiler iň gowy kişilerdir.

Altynjana ýetmeýän zat mynasyp sözdi, mynasyp bahady. Ol özüniň ýönekeý gyz däldigini ähli kişiniň, şol bir sanda Togrul begiň hem bilmegini isleýärdi. Ýöne gapdalynda oturan şu üç hatyn: Gyzbibi, Peýkertuwak, Şaýürek hem onuň üýtgeşik gyzdygyny bilenoklar. Gaýtam ýaňy Peýkertuwak: «Gyz bilen gelniň tapawudy näme?» diýip soraýar. Soňam: «Gyz bilen gelniň tapawudy – ýeke gije. Nesip bolsa, senem ertir biz ýaly hatynlaryň biri bolarsyň» diýýär.

Ýok, ýok, Altynjan bu üç hatyn ýaly bolmaz, olardan görnetin parhly bolar.

Üç hatynyň degdim-gaçdym söhbedini daşardan çykan ses kesdi:

– Togrul bege nika gyýmaly.

– Ahyr ýatlaryna düşdi, nikany ilkagşam gyýmalydy – diýip, Altynjanyň daýzasy Şaýürek hüňürdedi.

– Wa-weýla, Şaýürek, ikimiziň aýdanymyzy etseler, erkekleriň erkekligi gaçyp galaýjak ýalydyr.

Köp wagt geçmänkä öýlenýän gerçegi gerdege getirdiler. Gülki-şowhun al-asmana göterilýärdi.

Içerde ojar ot belentden ýanýardy.

– Gelnejelerim! Meni öldürjek bolan Altyn gyzy saklap otyrsyňyzmy? – diýip, Togrul «lah-lahlap» güldi. – Hakyt meni öldürjek boldy, şu Altyn gyz. Özem bu Altyn gyz: «Kim-de-kim Togrulyň kellesini getirip berse, men şol gerçege äre barjak» diýipdir. Bu Altyn gyzyň mahýasy – meniň kelläm. Beýik Perwerdigär-ä bu Altyn gyzy meniň üçin dünýä inderipdir, bu-da näme üçin dünýä inendigini bilmän, meniň kastymda gezip ýör. Bilýäňizmi näme, bu Altyn gyz dünýä inende soltan Mahmyt Gaznaly şu ýerdedi – Zamahşardady. Menem onuň ýanyndadym. Soltan howla giren badyna bu Altyn gyz jägil-jägil edip dünýä indi. Onsoň soltan bu gyza at dakdy, soňam «Beýik begiň hemrasy bolsun!» diýip, pata berdi. Soltanyň: «beýik beg» diýeni men ahyryn, men! Düşnüklimi?

Altynjan bu sözleri eşidip doňdy galdy. Sebäbi Togrul begiň aýdan bu habary onuň üçin biçak ýakymlydy.

Dünýä inen pursadynda soltan Mahmyt Gaznalynyň ýanynda Togrul begiň bolandygyna Altynjan begenmek begendi!

Nika gyýdylar.

Ähli dessur berjaý edildi.

* * *

Gerdekde çatynjalary galdyrdylar.

– Dyza çök! Aýagyma ýykyl! – diýip, Togrul azmly seslendi.

Altynjan begiň bu sözüne ör-gökden geldi. Dogrusy, begiň bu tekepbirligini biçak ýokuş gördi.

Buýruk ikinji gezek gaýtalandy.

Altynjan bege: «Akylyň ýerindemi?» diýen terzde seretdi.

Wah, Altynjan owadandan-owadan geýnipdi. Ol şol owadan eşikde Togrula görünmekçidi, ýöne Togrul oňa seretmedi.

Wah, oňa eltileri bolluk bilen tübbet müşküni çalypdylar. Altynjan Togrulyň tübbet müşküni ysgap, melul bolşuny görjekdi. Togrul müşküň ysynam almady, aljak-da bolmady!

Altynjan eltisi Gyzbibiniň erkek kişiler hakdaky aýdan sözlerini ýatlady. Birdenem onuň garaşmadyk ikinji ahwalaty gopdy: Togrul beg ony batly itip goýberdi.

Altynjan hatar duran sandyklara baryp uruldy. Ol tarsa ýerinden turdy, titir-titir edip, Togrula gazap bilen seretdi.

– Gylyç gerekmi ýa hanjar? – diýip, Togrul güldi. Bilinden asfury hanjaryny [6] alyp, Altynjanyň öňüne oklady.

Altynjanyň gany çüwdesine urupdy. Onuň garşysynda yhlas edip garaşan begi däl-de, Jendiň ýigrenji emiri Şamälik duran ýalydy. Altynjan bir hanjara, birem Togrul bege seretdi. Birdenem aşak çökdi. Sandyga degip möçügen böwrüni sypady.

– Tur ýeriňden!

Altynjan gozganmady.

«Beýle ganhor, beýle wagşy adam bilen ýaşap bolmaz. Men ýalňyşypdyryn. Bu adam meniň pikir eden adamym däl eken. Bu hakyky wagşy, hakyky ýyrtyjy eken. Meniň başky pikirim dogry eken. Daýymy-da şu ganhor öldürendir. Men bu ýyrtyjynyň hatyny bolmaýyn. Ýok, ýok, bu ganhor bilen bile ýaşap bolmaz. Men gideýin, iň gowusy, ömrümi ýekelikde geçireýin, gaýdyp hiç wagt äre-de barmaýyn. Babamyň aýagyna ýykylaýyn. «Meni öýden kowma» diýeýin. Ol meni öýden kowmaz. Ýöne häzir nädeýin? Men nädip öýe aşyp bilerin?! Men häzir ylgap daşaryk çykaýyn. Şaýürek daýzamy tapaýyn. Ýok, oňa duşmaýyn. Ol meniň pikirimi oňlamaz. «Yzyňa dolan» diýer ol».

Altynjan ejesiniň, Şaýürek daýzasynyň, eltileriniň öwüt-nesihatlaryny ýatlady. Olar edil dilleşen ýaly, Togrul beg näme et diýse, kaýyl gelmegi, boýun sunmagy sargyt edipdiler. Altynjan ejesi dagynyň pendini tutmaga söz beripdi. Ýöne herki zadyň çeni-çaky bar. Altynjan çory däl, gyrnak däl! Ol begzada neberesinden! Togrul näme üçin Altynjany kemsitmeli? Näme, Altynjan adam dälmi? Näme üçin ol mertebesini depeletmeli? Nämäniň hatyrasy üçin çydamaly! «Men Oguz hanyň ylahy ogullarynyň neberesinden, bular – kynyklar – zemini ogullarynyň neberesinden. Men patyşa neberesinden, bular hyzmatkärler neberesinden! Men islesem, Togrulyň hatyny bolaryn, islemesem bolmaryn. Ýok, beýle wagşy alamanyň hatyny bolmaryn. Itendigi üçin hökman almytyny bermegim gerek. Dişinde et galdyrmaýyn. Men ärsiz galmaryn. Eý, Hudaý, özüňden medet! Şu alamany öldürmäge maňa gaýrat ber! Maňa öz mertebämi gorap ölmek takdyry ýazylypdyr...»

– Tur ýeriňden! Gürle! Näme, gorkýarsyňmy?

Altynjan öňünde ýatan hanjary garbap aldy-da, gazap bilen begiň üstüne topuldy.

Gerdegiň gapysy bat bilen açylyp, içerik deşlek aznawur kürsäp girdi: Togrul beg bilen Altynjanyň arasynda garalla boldy:

– Saklan!

Altynjan aznawuryň üstüne gygyrdy:

– Aýryl alnymdan! Mertebämi depeledip ýaşajaklardan däl men!

Şaýürek ýüregi ýarylan ýaly bolup içeri girdi:

– Saklan, gyzym, saklan, öldürseň, meni öldür – diýip, ol hünübirýan aglap ugrady. Altynjany gujaklady. Elinden hanjary aljak boldy.

Altynjanyň eli daş ýalydy. Hanjary almaga Şaýüregiň güýji ýetmedi:

– Akylyňa aýlan, Altynjan!

– Ganhorlar! Ýigrenjiler!

Togrul beg Altynjanyň haýkyrmasyna ýylgyrjaklady, sesini çykarman uzak wagtlap gelnini synlady, daýysy Peýkama hem Şaýürege daşary çykmagy öndedi. Şaýürek bilen Peýkam gorka-gorka daşary çykdy. Daşişikde Gyzbibi bilen Peýkertuwagam titreşip durdy.

Togrul beg hiç zat bolmadyk ýaly, gaty arkaýyndy:

– Talagyňy bererin!

– Ber talagymy! Seniň ýaly wagşy nekgende bilen ýaşaşanymdan, ölenim müň paý gowudyr.

– Men ýene-de üç sany hatyn alaryn. Sen olaryň eline suw akydarsyň.

Altynjan döşüni gaýşardyp duran Togrula gözlerini höwlendirip seretdi: ol näme üçin Altynjanyň gaharyny getirýär? Näme üçin onuň degnasyna degýär?

– Akytmaryn! Seniň bilen ýeke günem ýaşamaryn!

– Ýaşarsyň. Men seniň mahýaňy töledim.

– Beren zatlaryňy ertir iki esse edip yzyna alarsyň. Mahýaň çüýresin seniň.

– Beren zatlarymy dokuz esse edip yzyna gaýtarmaly bolarsyňyz.

– Dokuz esse awynyň sapyny alarsyň.

– Sen meniň gyrnagymsyň.

– Mertebämiň kemsidilýän ýerinde ýaşanymdan – gyrnak bolanymdan ölenim gowudyr.

– Seni aýada saklamalymy?

– Ýok, ýürekde!

– Baý-bo, göwnüň degirmeniň [7] ýedi gatyndanam ýokarda-how seniň. Sen ýürekde bolsaň, erkekde näme galýar? Erkek – kelle ýüregiň – seniň emriňi ýerine ýetirmelimi? Seniň islegiň äriňe hemra bolmak däl-de, hökümdar bolmak! Erkini beren erkekden erkek bolmaz.

– Siz özüňize başga hatyn gözläň. Gyrnak boljak hatyn gözläň.

– Sen maňa ikinji hatyn almagymy ündeýärsiňmi? – diýip, Togrul beg kinaýatly ýylgyrdy. – Daşarda näme üçin urandygymy bilýärsiňmi? Bilmeýän bolsaň, bilip goý, ol gamçylary dogan-garyndaşlarym Zamahşara gudaçylyga baranda olara her hili hokgalary görkezeniň üçin urdum! Düşnüklimi, gyrnak?

Altynjan Togrulyň ýylgyrjaklamasyna teý akyl ýetirip bilmedi. «Ol näme üçin meni gürletjek bolýar?! Ol näme üçin meniň degnama degýär, näme üçin gaharymy getirýär?»

Altynjan Togrulyň nähilidir bir piriminiň bardygyny çaklady.

Togrul beg oduň ýagtysyna Altynjany synlady:

– Adam gahary gelende doly açylýar, ýüregindäkini, hakykaty doly aýdýar. Sen häzir gaharyňa ýüregiňi açdyň. Men hakdaky ýaramaz pikiriňi entegem aňyňdan aýyrmansyň-a sen?! Men saňa ilki duşanymda – Zamahşar sährasynda näme diýdim? Saňa ýene gaýtalap aýdýaryn: men hakdaky ýaramaz pikiriňi aňyňdan aýyr. Eger men seniň pikir edişiň ýaly ganhor, ýaramaz adam bolan bolsam, onda daşardaky adamlar maňa sygynyp şu ýere gelmezdiler. Adamlaryň goýýan hormatyndan meniň nähili adamdygymy anyklajak bol! Iberen hedýe-engamlarymdan, şu günki tutýan toýumdan meniň seni näderejede hatyralaýandygymy aňmadyňmy? – Togrul beg Altynjanyň saçyndan penjeläp tutdy: – Seniň bir talabyň bar bolsa, meniň bäş sany talabym bar, şolary hergiz unutmagyn! Birinji: hiç wagt edenime däl diýme! Ikinji: hiç wagt akyl beriji bolma! Üçünji: hiç wagt bir aýdanymy ikinji gezek gaýtalatma! Dördünji: … Bäşinji: hiç wagt hiç zat sorama. Şu bäş talabymy bozsaň, günäňi geçmerin, şol dem öldürerin. Düşündiňmi?

Togrul begiň bu sözleri Altynjana güýçli täsir etdi. Özüni oňaýsyz duýdy. «Näme üçin gaharyňy getirip azmaýyş etmek äp-däbi hakda maňa öňünden aýtmadylar?!»

Gahar adamyň kalbynyň jümmüşinde ýatan duýgulary ýüze çykarýar. Parahat halatda ol aňsat-aňsat ýokary galmaýar.

Türkmende «Gahar – kapyr» diýilýäni ýöne ýere däl. Adam gaharlanan çagty, çuňlukda ýatan ýaramaz duýgular ýokary galýar, özüne erk edip bilmeýän adam olaryň diýenine gidip, etmejek hereketlerini edýär, aýtmajak sözlerini aýdýar. Şonuň üçinem bilgeşleýinden gaharyňy getirip synaga salmak iň ygtybarly, mydama hakykaty doly ýüze çykarýan usul hasaplanypdyr. Gaharyna erk edip bilýän adam erkli adam – erkek adam hasaplapdyrlar.

Adam akyly bilen däl, duýgusy bilen ýaşaýar, diýmek, onuň, sebäp dörände, gaharlanmagy tebigy zat. Wezipe gahar gelende, kalbyň çuňlugyndan ýokaryk – dile hemem hereketlere geljek ýaramaz duýgulardan halas bolmak. Gahary getirip synama dessury şony maksat edinýär. Aňyrda – çuňlukda nälaýyk, nä-dogry, gelşiksiz, ýaramaz netijelere getirjek duýgular, pikirler ýok bolanyndan soň, gaharyň zyýany diňe gök gümmürdisiniň zyýany bilen deň bolup galýar.

Togrul beg adamlary tanamagy, adamlaryň erkini öz eline almagy başarýardy. Patyşa hökmürowanlygy adamlardan ýokary galmak üçin iň zerur zat. Olardan ýokary galman, olaryň depesinden seretmän, patyşa bolup bilmersiň. Ýokary galmasaň, nämäniň-nämedigini, kimiň-kimdigini görüp bilmersiň. Onda sen köpüň biri bolarsyň. Köpüň birinden patyşa çykmaz. Patyşalyk – beýiklikdir, saýlantgylykdyr. Bu – men-menlik däl, bu patyşalyk etmegiň gürrüňsiz hem kanuny şertidir. Togrul bege-de ýassykdaşynyň kimdigini doly bilmek juda zerurdy. Wah, ol ýassykdaşyna beýle ýowuz daramak – azmaýyş salmak islänokdy, ýöne Tümen beg bilen baglanyşykly wakalar, özüne berlen her hili maglumatlar şu azmaýşy geçirmäge ony mejbur edipdi. Ol öz aslyna sapak bermegi başarmasa, özgeleri nädip öz erkine boýun edip bilsin?

Togrul beg maksadyna ýetipdi: Altynjan babatda bilmek islän zadyny bilipdi. Ol ýanýoldaşy, hemrasy boljak gyzyň hereketlerine, gaharlanmasyna buýsandy. Onuň päkligi, batyrlygy, okgunlylygy begi biçak begendirdi. Indi nähak göwnüne deglen – bilgeşleýin gaharlandyrylan Altynjany köşeşdirmelidi.

Häzir Altynjana ýakynlaşyp boljak däldi. Ol ýaraly ýolbarsdy. Gaharyna nämedir bir soňundan düzedip bolmajak ýowuzlyk edäýmegi mümkindi. Şonuň üçin onuň biraz köşeşmegi üçin oňa puryja bermelidi. Goý, oýlansyn. Togrul begiň özüne ýamanlygynyň ýokdugyna düşünsin.

Togrul beg egnindäki eşiklerini howlukman çykardy. Oduň başyna baryp, elini oda çoýdy. Soňam sypanyň üstüne özüni taşlady.

Altynjan oduň ýagtysyna mesaňa görünýän ýalaňaç Togrula ýeke gezek seretdi, soň eger-eger seretmedi. Ýalaňaçka Togrul bütinleý başga adamdy.

Sypanyň üstünde serlip ýatan Togrul ýuwaşja pyşyrdady.

– Eşikleriňi çykaryp, meniň çep tarapymdan gel. Gorkma, men seniň pikir edişiň ýaly murdumhor däl.

Altynjan Togrul begiň bu sözüne boýun sunmady, oturan ýerinden gozganmady, beg hem ony howlukdyrmady.

Wagt geçip durdy. Altynjan uzak oturdy.

– Eşikleriňi çykar!

– Ýok! Ýok!

Togrul elinden çekdi, Altynjan garşylyk görkezdi.

Göräýmäge, sypanyň üsti giň ýalydy, ýöne giň däl eken, olar basalaşyp, sypanyň kä bu gyrasyna, kä-de o gyrasyna çykdylar.

Altynjanyň eşikleri berk atlazdandy, ýüpekdendi, şeýle-de bolsa, olar bölek-bölek bolup, her bölegi gerdegiň bir ýerine düşdi. Onuň eşikleriniň bir bölegi-hä hakyt ojakdaky oduň üstüne düşdi, içerini ysa dolduryp ýandy.

Togrul beg arlady, hakyt ýolbars bolup arlady.

Gerdegiň içi alagaraňkydy. Ojakda ýanýan ot pessaýdy. Şeýle bolansoň, olaryň bedenleri lowurdap görünýärdi.

Wagt diýseň çalt geçýärdi. Çünki gowy pursatlar hümmetsiz bolýar.

Bu mahal Togrul beg ýaşlyk hyjuwyna dolanyp gelipdi, jamug [8] hyrujy öwç alypdy: köňli küşatdy, göçgünlidi, endam-janyndan bug göterilýärdi, ýadamaýardy, ýadajaga-da meňzemeýärdi.

Altynjan ýolbars penjesine düşen jeren deýin, ikiýana urunýardy, waweýla eýleýärdi. Özem onuň waweýlasy kem-kemden köpelýärdi, kem-kemden batlanýardy.

Waweýlalar gerdegiň içini doldurdy. Soňy bilen bu ses daşarda-da ýaňlanyp, batlanyp ugrady. Togrul beg Altynjanyň waweýla eýlemezligi üçin onuň agzyny eli bilen ýapdy.

Ah-ohlar, waýlar töweregi gaplap aldy.

Altynjanyň gygyrmasyna Togrul begiň gahary gelýärdi, onuň agzyny berkden-berk ýapýardy, ýöne sesler birjik-de ýatmaýardy, kemelmeýärdi.

Beg birden haýykdy: sesleriň Altynjandan däl-de, daşardan eşidilýändigine düşündi, towsup sypadan düşdi-de, daşara diň saldy.

Ahyr kadaly dem alan Altynjan titir-titir etdi, demini dürsemäge çalyşdy.

Daşardan:

– Ýagy döküldi!.. – diýen ses eşidildi.

Nämäniň-nämedigine akyl ýetiren Togrul beg howul-hara geýinmäge durdy.

Gaýra tarapdan iki sany ujy otly ok şuwlap geldi.

Sähel salymdan hem gerdegiň gaýra tarapy gyzyl ýalyn bolup ýanmaga başlady.

– Ýagy!.. – diýip, Altynjan elewredi.

– Men barkam hiç zatdan gorkmagyn – diýip, Togrul beg bir bökende Altynjanyň ýanyna geldi, onuň iki egninden tutup, pert-pert aýtdy. – Özümi goramagy başarmasam hem seni goraryn. Düşnüklimi?

– Düşnükli! – Altynjan geýere eşik tapman elewredi:

– Ýesir düşenimden-ä ölenim gowudyr, öldüriň meni!

– Sen-ä gorkak ekeniň!

Bu söze Altynjanyň girre gahary geldi. Ol ýalaňaçdygyny unudyp, laňňa ýerinden galdy.

– Ýok, men gorky diýen zady bilmeýärin, ýöne men ýesir düşmek islemeýärin. «Mertebämiň kemsidilýän ýerinde ýaşanymdan – gyrnak bolanymdan ölenimi gowy görýärin» diýdim-ä.

Togrul beg:

– Meniň eşiklerimden geý! – diýip, oňa ýabaly agaçdan bogma bilen köýnek äberdi.

Altynjan erkek eşigini birinji gezek geýenog-a! Erkek kişileriň eşigini geýmek aňsat. Onsoňam lezzetli.

Erkek kişiniň eşiginde bolmak – azat bolmak!

Erkek kişiniň eşigini geýip ýaşamak – dünýäde zowalsyz ýaşamak! Mert ýaşamak!

Ilkinji nika gijesi Altynjan çagalygyndan bäri ýüreginde besläp ýören küýsegine ýetdi: erkek kişiniň eşigini geýmäge izin aldy!

– Meniň üstüme çozmaga, rahatlygymy, toýumy bozmaga het eden kimkä?! – diýip, Togrul beg ýataganyny eline aldy.

– Jendiň emirinden başga hiç kim däldir!

– Şamälik Jendilimi? Jendiliniň jendini [9] ýakaryn men!

Daşardan her hili sesler eşidilýärdi:

– Çozdular!

– Öldürýärler!

– Turuň, ýagy döküldi!

Ahy-pygan, ýataganlaryň sesleri artyp ugrady.

– Hany, meniň asfury hanjarym?

Altynjan hanjary ätiýaçdan posdegiň aşagynda goýupdy, ony goýan ýerinden tapdy, ýöne bege bermäge ýetişmedi.

– Başyňa peş geý, meniň donumy-da geý! – Togrul beg ýataganyny alyp çykyp gitdi.

Iş işden geçipdi. Serhoş bolup uka giden esgerleri Şamä-ligiň gulamlary wagşylyk bilen paýhynlap ýördi.

Togrul beg gazap bilen gygyrdy:

– Oýanyň, byradarlar! Oýanyň! Şamälik üstümize çozdy. Şamäligiň adamlaryny paýhynlaň! Gyryň! Biz köplük! Biz ýeňeris!

Gerdegiň ýalny barha ulalýardy.

Altynjan haýsy zadyny alyp, haýsy zadyny galdyrjagyny bilenokdy. Eýýäm bu ýerde durmak howpludy. Dymyljyk tüsseden ýaňa dem alar ýaly däldi.

Togrul beg Şamäligiň gulamlarynyň iki-üçüsini ýataganyndan geçirdi, ýöne onuň bilen gulamlar azalar ýaly däldi. Biriniň ýerine bäş-altysy gelýärdi. Gelýänleriň ählisiniň ümzügi hem gerdege tarapdy.

Altynjan bir eli ýataganly, bir eli asfury hanjarly towsup daşaryk çykdy.

Togrul begiň garşysynda dört gulam peýda boldy. Olar gaty okgunlydylar. Ýeňiş gazanjakdyklary görnüp durdy. Sebäbi seljuk ýigitleri serhoşlukdan hem ukudan henizem oňly açylyp bilenokdylar. Şamäligiň gulamlary hem şu ýagdaýdan peýdalanyp, aldygyna paýhynlyk edýärdiler.

– Byradarlar, üstümize ýagy döküldi. Goranyň!

– Seljuklylar, turuň! Üstümize Şamälik çozdy. Öldüriň olary!

– Turuň!

– Byradarlar, oýanyň!

– Barat Alçagy öldürdiler, Barat Alçagy öldürdiler! Sibir begi öldürdiler! – diýip, kimdir biri waweýla eýleýärdi.

– Sesini kesiň! Sesini kesiň! – diýip, Togrul beg dowulça bakan ylgady.

Dowulçy biçak gorkupdy, höre-köşe bilen ony köşeşdirip boljak däldi. Şonuň üçin ony sem etmegiň ygtybarly ýoluny tapdylar, sem etdiler.

Altynjan bu pursat boş durmaly däldigini bilýärdi, ýöne ol Togrul begiň Şamäligiň gulamlaryny paýhynlaýşyny görüp, aňkaryldy galdy. Aňkarylmazça däldi. Togrul begiň göwresi garşydaşlarynyňkydan görnetin uludy. Ýatagan işledişi-de görnetin tapawutlydy. Keseden seredeniňde Togrul begiň üstüne topulýanlar emelsiz, özem ýumruk ýalak oglanlardy. Togrul beg olary gypynç etmesizden, özüne aşa bir agram salmasyzdan keýpine paýhynlap duran ýalydy. Özem onuň ýatagan işledişine seretdigiňçe seredesiň gelýärdi. Beýle ussat darkaşy Altynjan hakykatdan hem öň görmändi.

Häzirki görnüş boýunça Togrul beg möjekdi, jentlilerem tilkilerdi. Arman, tilkiler köplükdi. Durmuşda, gör, nämeler bolanok! Ýolbarslary garynjalar ýeňýärler, öldürýärler ahyryn! Jentlileriň yzy üzülenokdy, Togrul beg öldürip ýetişse, olaram ölmäge gelip ýetişýärdiler.

Hana, bir gulam Togrul begiň arka tarapyndan barmakçy bolýar. Togrul beg ýeňseden gelýän gulamy ýa görenok, ýa onuň özüne ýakyn gelerine garaşýar.

Altynjan ýüregi ýarylan ýaly bolup, ýatagandyr hanjary bilen gulama bakan ylgady, sekiz-on ädim aralykdan gulamy nyşanlap, hanjaryny bat bilen atdy.

Togrul beg nämäniň-nämedigine düşünmedi.

– Näme etdiň ony? Men onuň ýakynyma gelerine garaşyp durun-a.
– Gören dälsiň öýtdüm.
– Allatagala maňa dört göz beripdir: ýeňsämde-de iki gözüm bar meniň!
Togrul beg Şamäligiň gulamlarynyň edip ýören gyrgynçylygyny hyrçyny dişläp synlady. Soňam ahmyrly pyşyrdady:
– Altyndaş dogmasy bižlik etdi!..
Altynjan Togrul begiň özüni erkin duýmasyny, şeýle galagoply pursatda mesawy gürlemesini geň gördi. Juda geň gördi.
Togrul beg sowukganlydy: Şamälik çozmadyk ýalydy. Onda, keýeden seredeniňde, häzir içki nägilelik-de onçakly ýokdy. «Altyndaş dogmasy bižlik etdi!» diýlen sözde Altynjan hiç hili galagop-gondalaw duýmady, hut häzirki darkaş imisalalyk bilen gutaraýjak ýalydy. Üstüne topulýan gulamlary öldürende hem zähreteleklik, irniklik duýulmaýardy.
Togrul begiň bu sowukganlylygy Altynjanyň akylyna hiç syganokdy.
Beg bilen güýji deň geljek ýagy ýokdy. Barybir, Altynjan howatyrlanýardy.
Ol bege buýsandy.
Hana, ýene iki pählewan bar. Olar hem edil Togrul beg deýin söweşýär. Olaryň birine Ybraýym, ikinjisine Nasyr diýýärler.
Ybraýym beg üç-dört sany haşymy bilen Togrul begi penalaýar, Nasyr dünýäni unudyp, jentlileri öldürýär.
Çagry beg göründi, ol Togrul begiň ýanyna bardy:
– Togrul, biz ät galdyk, bu ýerden gideli.
Ybraýym söweşip ýörşüne öz adamlaryna görkezmeler berýärdi. Çagalary, aýallary alyp guma çekilmeli adamlary howlukdyrýardy.
Adamyň ömründe ýeke gezek gaýtalanýan arzyly, mukaddes pursatlary bolýar. Adam arzyly, mukaddes pursatlaryndan lezzet alýar. Altynjan bu güne – durmuş toýuna, gör, nähili yhlasly garaşypdy. Indi, görüp otursa, ol bagtynyň ýatmasyna garaşan eken. Altynjan Şamälik emir bilen tötänlikde duşuşan pursadyny onuň diýen sözlerini ýatlady. Altynjan emiriň haýbatyny boş haýbat hasaplapdy, Şamälik başky sözünde tapyldy: toý aşyna awy gatdy.
«Eý, Hudaý, bu gün meniň bagtym ýataýarmyka?» diýip, Altynjan Şamäligiň gulamlarynyň edýän gabahat işlerini hyrçyny dişläp synlady. Şeýle aýylganç gyrgynçylyk [10] hiç bir ýerde-de bolan däldir.
Her bir zadyň çykalgasy bolmaly. Çykalgasyz hiç bir zat bolmaly däl.
Alagaraňkyda adam adamy tananok. Bu alagaraňkylykdan näme üçin diňe Şamäligiň gulamlary peýdalanmaly?
Altynjan şu güne çenli ýalandan gylyçlaşypdy. Bu gije ol hakyky söweşe girdi. Şeýle garpyşyk gaty köpden bäri göwün telwasydy ahyryn onuň!
Ol hakykaty aýdypdy: onda hem edil Togrul begiňki deýin ölerin diýen gorky ýokdy, ölüm hakda pikir hem ýokdy. Onda diňe bir pikir bardy. Ol hem Şamäligiň adamlaryny gyrmakdy, ýeňmekdi! Şamäligi öldürmeli! Sebäbi ol Altynjanyň ilkinji mukaddes gijesini weýrana saldy.

* * *

Muhammet Togrul beg töweregine garanjaklady, galawut eýläp. Altynjany agtardy. Onuň adyny tutup gygyrmagy bolsa gelşiksiz gördi. Ol ýanyndaky Ybraýyma ýüzlendi.
– Eşider bolsaň, men ýüregimi ýitirdim.
– Näme?
– Men gelnimi ýitirdim. Ol ýaňyja-da şu ýerdedi.
– Ol ýitenok.
– Nirede ol?
– Han-ha, Şamäligiň gulamlaryny paýhynlap ýör ol. Yşan, men onuň söweşişini birpaýyz synladym welin, haýranlar galdym, edil bugdaý oran ýaly edip barýar ol. Öňünden duşman bolup çykar ýaly däl onuň...

*Seljuklylaryň göçüşini Jendiň häkimi Şamälik öz hemişeki duşmançylygy üçin peýdalanmak isledi. Ol uly bir goşun alyp, Horezme geldi we daň bilen bularyň üstüni basdy (1034-nji ýyl). Seljuklylar gapyl galyp,*

*agyr ýitgi çekdiler. Taryhy çeşmeler bu basgyda 7-8 müň seljuklynyň öldürilendigini, köp adamyň ýesir alnandygyny görkezýär.*

**Faruk Sümer,**
**«Oguzlar – türkmenler».**

*Rukneddin Abu Talyp Togrul ibn Mykaýyl ibn Seljuk – batyr, sabyrly we jomart adamdy, Allanyň edenine kaýyldy, juma namazlaryny sypdyrmazdy, duşenbe we çarşenbe günleri oraza tutardy, göwni galkyberjek bolsa, ony özüniň ýagşy hulky bilen basardy. Ol al-wazary (Samarkandyň bir obasynda dokalýan) matasyndan eşik geýerdi, onuň üstünden ak örtük geýnerdi. Sogabyna seredende onuň günäleri miweli bag ýalydy. Ol adamlary jezalandyrmagy halamazdy, gan dökmezdi, haramdan datmazdy. Ol örän çydamly we çyn gepli adamdy, sadaka bermäge sahydy.*

**Al-Hüseýni,**
**Zubdat at-tawaryh /Taryhyň gaýmagy/.**

**(Birinji kitabyň soňy).**

## DÜŞÜNDIRIŞLER

### Birinji hekaýat

**1. Eprikogullary, (akhun, akgün, eftalit, afrigit, abdal) şalygy** – Daşoguz topragynda 305 – 995-nji ýyllarda dowam eden şalyk. Köp taryhy kitaplarda bu şalyk «Afrigitogullary» diýip atlandyrylýar (F.Sümer). Reýhan Biruny özüniň «Eserul-Bakyýýe» atly eserinde bu nesilşalygyny Eprikogullary nesilşalygy diýip atlandyrýar we bu nesilşalygyň ýigrimi iki neberesiniň  höküm sürendigini ýatlaýar. Afragit şalygy Samany şalygynyň tabynlygynda bolýar. Hunlar, gunlar – Oguz hanyň ogly Gün hanyň nebereleridir. Akhun – Günortaly hun diýmekdir.

**2. Gawşfinj şäheri** – «Horezmiň Jürjaniýa şäheri bilen arasynda ýigrimi farsah uzaklykda ýerleşýän bir şäher. Bu şäher meniň döwrümde abadan we gözel şäherleriň biridi. Men ony 1236-njy ýylda gördüm. Soňra bu ýurda mongol-tatarlar gelip girdiler. Soň bu şähere näme bolandygyny men bilmeýärin». Ýakut Hamawy. Ýurtlaryň sözlügi (Türkmen obalary).

**3. Mamunlar** – 995-nji ýylda Afrigit şalygyny ýykyp, öz şalygyny döredýärler. Olar şalygyň paýtagtyny Käs şäherinden Jürjaniýa (Köneürgenç) şäherine geçirýärler. Mamunlar şalygy 1017-nji ýyla çenli dowam edýär.

Samany döwleti iň soňky günlerini ýaşaýardy. Bu döwletiň ýerlerini üç emir öz aralarynda paýlaşdylar, ýöne olara Söbüktegin rahatlyk bermedi. Gaçyp Hazaraspa gelen Abu Aly Simjuryny Abu Aly Horezmşa ýesir aldy.

«Abu Aly Simjury ýesir alnanda onuň habary Gürgenjiň häkimi Abu Aly Mamuna baryp ýetdi we ol bu wakalar sebäpli gaty ynjalyksyzlanyp başlady. Ol esgerlerini jemledi we Horezmşanyň üstüne ýörişe gitdi. Käs şäherine ýetdi we ony gabap, şäheriň ilaty bilen söweşdi. Ony rehimsizlik bilen basyp alanyndan soňra, Abu Abdylla Horezmşany ýesir aldylar. Abu Alyny getirdip, onuň gandallaryny we tanaplaryny çözdüler hem-de ýanlaryna alyp, Gürgenje geldiler. Mamun Gürgenje gelende özüniň käbir ýaranlaryny bu ýere häkim belledi. Horezmşany getirdi we ony Abu Aly ibn Simjuryň öňünde öldürtdi». Ibn Esir. Kämil taryh. Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi. 1 jilt. A., 2005.

**4. Käs şäheri** – «Köneürgenjiň (Horezminiň) iň uly şäherleriniň biri. Ol Jeýhunyň gündogar kenarynda ýerleşýär. Köneürgenç bilen onuň arasy ýigrimi parsahdyr» «Mujem al-buldan» 4-nji jilt. 422 sah. Ýakut Hamawy. Ýurtlaryň sözlügi (Türkmen obalary).

**5. Jürjaniýa** – Köneürgenç.

**6. Zamahşar** – Horezmin etrabynda ýerleşen bir oba. Häzirki Görogly (öňki Tagta) etrabynda gumuň içinde ýerleşýär. Häzir ol gala harabalyk bolup ýatyr. Bu gala häzirki döwürde Yzmykşir ady bilen meşhurdyr. Yzmykşir öwlüýäsine adamlar sygynýarlar, zyýarata barýarlar.Görnükli türkmen ulamasy Mahmyt Zamahşary (1075 – 1144 ý.) hem şu obada doglandyr. Bu ulamanyň mazary häzirki döwürde

Türkmenistanyň keramatly ýerleriniň – öwlüýäleriniň biri hasaplanýar. Görnükli syýahatçy ibn Batuta 773-nji ýylda özüniň meşhur «Geografiýa» atly kitabynda Köneürgençde bolan günleri hakda ýazypdyr. Ol özüniň kitabynda Zamahşar galasy Jürjaniýadan (Köneürgençden) 4 mil uzaklykda ýerleşýär diýip ýazypdyr. Öz döwründe Köneürgenjiň ýakynynda ikinji Zamahşar obasy bolsa bolandyr. Ýöne häzirki döwre çenli saklanyp galan Zamahşar (Yzmykşir) galasy Köneürgençden 150, Daşoguzdan bolsa 30 kilometr uzaklykda ýerleşýär. 2007-nji ýylyň maý aýynda bu galada doglan Gündogaryň meşhur alymy Mahmyt Zamahşarynyň mawzoleýi bina edildi. Romanyň baş gahrymany – Beýik seljuk türkmenleri soltanlygyny döreden Togrul begiň hatyny Altynjan hatyn hem şu galada doglandyr.

**7. «Arsahuşmisen** – uly şäher. Horezminiň ýokary tarapynda Jürjaniýa şäherinden üç menzil daşlykda ýerleşýän şäherdir. Bu şäher özüniň möçberi boýunça Nasybyn şäherine deňdir, ýöne ilaty onuňkydan köpdür, ol ondan has owadandyr». Ýakut Hamawy. Ýurtlaryň sözlügi. (Türkmen obasy).

**8. Gapydan** – emiriň hyzmatyndaky hyzmatkärleriň ýolbaşçysy. «Kapitan» sözüniň sözköki «gapydan» sözündendir.

**9. Kirwe** (farsah, agaç) – 6 kilometre barabar uzaklyk ölçegi.

**10. Nişalla** – wermişele meňzeş görnüşi bolan konditer nygmaty.

**11. Çakrym** – 1,07 kilometre deň uzynlyk ölçegi.

**12. Muhtasyp** – şäheriň tertip-düzgünine gözegçilik edýän emeldar.

**13. Oglan** – atly esger. Oglanlar – ýolbaşçynyň janyny ynanýan iň ýakyn adamlary bolupdyrlar.

**14. Mahmyt Gaznaly (970 – 1030 ý.)** – 999-njy ýylda Gaznada tagta geçýär we kuwwatly soltanlyk döredýär. Horasany, Horezmini, Tabarystany özüne tabyn edýär. Mahmyt Gaznaly soltan adyny göteren ilkinji türkmen patyşasydyr. Söbükteginiň Nasyr, Mahmyt, Ysmaýyl, Ýusup, Hasan, Hüseýin atly alty ogly we Hara atly bir gyzy bolupdyr. «Soltan Mahmyt Gaznaly diňe bir kuwwatly hökümdar bolman, eýsem ol öz döwrüniň iňňän sowatly adamlarynyň hem biri bolupdyr. Ol arap we pars dillerini suwara bilipdir. Muňa onuň arap dilinde ýazýan şahyrlaryň bu hökümdary wasp edip ýazan goşgularyny petir bezän ýaly edip düzetmegi-de şaýatlyk edýär. Galyberse-de soltanyň arap dilinde şerigatyň pudaklaýyn meselelerini beýan edýän «At-takir fil-furug» atly kitap ýazandygyny meşhur türk alymy Ysmaýyl Paşa Bagdady tassyklaýar». («Hidýet al-arifin, 2-nji jilt, sah. 401. Stambul, 1955 ý.).

**15. Altyndaş** – Soltan Mahmyt Gaznalynyň gapydany hem hajyby. 1017-nji ýylda soltan Mahmyt Gaznaly öň Samany şalygyna garaşly bolan Mamun şalygyny – Horezmini basyp alandan soň, Ürgençde (Köneürgençde) öz gapydany Altyndaşy dikme goýýar.

**16. Zirag** – uzynlyk ölçegi bolup gelende 0,65 metre, göwrüm ölçegi bolup gelende 0,42 kub metre deň bolan ölçeg birligi.

**17. Hara bin Söbüktegin** – soltan Mahmydyň uýasy, ilki Aly bin Mamun Horezmşanyň hatynydy, Aly wepat edensoň, ol şol döwrüň dessury boýunça Alynyň dogany Abul Apbas Mamunyň aýaly bolupdyr.

**18. Naýyp** – orunbasar.

**19. Işigagasy (gapydan)** – köşkde, galada sakçylaryň başlygy.

**20. Han** – On müň goşunyň serkerdesine han diýilýär. Goşunda on sany esasynda goşun döredilýär: onbaşy, ýüzbaşy, müňbaşy. On müň goşuna tümen diýilýär. Her tümene bir han serkerdelik edýär.

**21. Ykta** – patyşalyk tarapyndan berilýän mülk. Ykta yslamda degişli ýerleriň diňe ýyllyk salgydynyň ýa-da girdejisiniň ondan biriniň haýsydyr bir hyzmaty üçin, bir kişä berilmegidir. Ykta hyzmat we iş bilen baglylygy üçin bu ýeriň hüşüri we salgydy hazyna tarapyndan dolandyrylýardy ýa-da başga birine berlip bilinýärdi. Ykta, esasan, goşun serkerdelerine berilýär. Yktadar söweş ýok wagty öz yktasynda bolýar, ol ýerde daýhançylyk bilen meşgullanýar. Patyşadan söweşe gitmelidigi baradaky habar gelende yktadar öz yktasynda ýaşaýan oba adamlaryndan goşun düzüp, patyşanyň salgy beren ýerine ugraýar. Uruşda öz adamlaryna serkerdelik edýär. Iktadar öz tabynlygyndaky esgerleriň iýip-içjek azygyny özi üpjün edýär. Döwlet tarapyndan iktadarlara hiç zat berilmeýär. Yktadan gelen adamlaryň uruşda yhlasly söweşmekleri üçin, alnan oljalar esgerleriň arasynda paýlaşylýar. Şeýle bolansoň, adamlar urşa örän höwesek gatnaşypdyrlar.

Öňden gelýän berk düzgün boýunça alnan oljalaryň bäşden biri şanyňky hasaplanýar. Bäşden ýene biri döwletiňki hasap edilýär. Oljanyň galan bäşden üç bölegini esgerler öz serkerdeleri bilen paýlaşýarlar.

**22. Heýtele** – Syrderýa bilen Amyderýanyň araly. VII asyrda araplaryň gelmegi bilen bu ülke Mawennahr – iki derýa aralygy diýlip atlandyrylýar.

23. **«Oguznama»** kitaby. Aşgabat, 2002 ý.

24. **«Pentnama» kitaby** – Söbükteginiň öz ogly Mahmyda eden wesýeti. Bu kitap orta asyrda iň ýörgünli kitap bolupdyr.

25. Pars sözüniň bars sözkökündendigi hakda görnükli alym Myrat Ajynyň «Ýewropa, týurki, Welikaýa step» (...każdyý wtoroý ýewropeýes imeýet týurkskiýe korni!..), Moskwa, AST neşirýaty, 2004; «Týurki i mir: sokrowennaýa istoriýa (Týurki nesli miru weru w Boga nebesnogo...), Moskwa, AST neşirýaty, 2004. Alym miladydan öňki 558-nji ýylda Ahemeni şalygyny döreden Kiriň (kir – gadymy türkmen dilinde «başlangyç» diýen manyny berýär) bars taýpasyndan bolandygy, onuň adamlaryna barslar (parslar) diýlendigi hakda ýazýar. Kir öz ýurduny Barsiýa (Persiýa) atlandyrypdyr.

**26. Umury istihbarat sahyby** – döwlet howpsuzlyk (razwedka) gullugynyň ýolbaşçysy.

**27. Şebistan** – ýatakhana.

**28. Nedim** – maslahatçy, dost, patyşanyň, hanyň janyny ynanýan hemşeri.

**29. Begzada terbiýesi** – aristokratik terbiýe. Gadymy döwürde ata-babalarymyz köşkleriň ýanynda ýörite atabeglik mekdebini açypdyrlar. Ol mekdepde patyşanyň, şol sanda ýurduň emirleriniň, barjamly, abraýly adamlaryň çagalary okadylypdyr we terbiýelenipdir. Begzada terbiýesini alan ýigit özüniň asylly häsiýeti, sowatlylygy, söweş tilsimlerine ussatlygy bilen adaty ýigitlerden düýpgöter tapawutlanypdyr. Atabeglik mekdeplerinde birnäçe daşary ýurt dilleri hem öwredilipdir.

**30. Fykh** – şerigat hukuklary baradaky ylym.

**31. Şemşer** – ýarag ady, hanjar.

**32. Wa daryg-a; wa hasrat-a; weýl-waý; weýla; wa weýleta** – gynanç aňlatmalary, «ah, wah» ümlükleri.

**33. Weledan** – oglan.

**34. Akgyz** – keniz, hyzmatkär gyz. Keniz bolup hyzmat etjek gyzlar saýlanyp-seçilip alynýar. Keniz bolmak üçin ilkinji talap owadanlyk, medeniýetlilik, edeplilik. Şeýle hem kenizler hyzmatda wagtlary ak eşik geýipdirler. Türkmeniň «Akgyz ýoldaşyň bolsun!» diýen dilegi şalaryň köşklerindäki akgyzlar – kenizler bilen baglanyşykly döräpdir. Akgyz owadan, asylly, edepli bolmaly. Diýmek, türkmenler ýaş ýigide arzuw edenlerinde «Akgyz ýoldaşyň bolsun!» diýip, owadan, asylly, edepli gyzyň ýanýoldaş bolmagyny dileg edipdirler.

**35. Baba** – kaka. Gadymy döwürde kaka sözüne derek baba, orta asyrlardan başlap ata sözleri ulanylypdyr.

**36. Çilten** – kyrk adam.

**37. Ýatagan, şeşper** – ýarag atlary. Ýatagan – gylyç. Bu gylyç soňky türkmen gylyçlary ýaly egri däl-de, göni. Ýatagan sünçmek-sokmak üçin amatly bolupdyr. Şeşper – alty gyraňly gürzi, tokmak. Bulardan başga türkmenlerde ýaraglaryň naýza, kargy, süňi görnüşleri-de bolupdyr. Ermeni awtory Aristagues türkmenleriň-oguzlaryň at üstünde bürgüt deýin gidýändiklerini, baryş ugurlaryna ýaraglaryny şeýlebir ezberlik bilen işledýändiklerini haýran galma bilen ýazýar.

**38. Berbed** – Berbed Merwezi (VII asyr) görnükli türkmen kompozitory we sazandasy.

**39. Umury emeniteti şähri** – şäher howpsuzlyk işleri.

40. Oguz hanyň wesýeti boýunça ähli kişi kanunyň öňünde deň hasaplanýar. Kim-de-kim öz wezipesinden peýdalanyp günäkäre hemaýat etse, onda şol kişini-de jezalandyrmaly. «Oguznama».

**43. Jansyz, jandar, çawuş** – janpena, goragçy. Häzirki dö-würdäki halkara sözi bolan «žandarm» sözüniň sözköki jandar sözündendir.

## Ikinji hekaýat

**1. Afrasýaplylar** – Garahan türkmenleri. Bu nesilşalygy Mawerannahrda 840 – 1212-nji ýyllar aralygynda dowam etdi. Afrasýap şäheri – Samarkant şäheriniň demirgazyk tarapynda ýerleşýär.

**2. Şamälik** – Jent şäheriniň emiri. Jent şäheri – häzirki Perowsk şäheri. Seljuklylaryň şäheri. Ýöne bu şäheri seljuklylardan Şamälik basyp alýar. Şamälik 1041-nji ýylda Köneürgenç şalygyny Altyndaşdan basyp alýar. Köneürgenç şasy Ysmaýyl Handin ibn Altyndaş gaçyp, Togrul begiň ýanyna barýar we ömrüni seljuk şalygynda geçirýär.

**3. Rüstem Zal** – Gündogaryň görnükli halk gahrymany. Rüstem Zalyň we Rudabanyň ogly Siýawuş ençe Gündogar halk rowaýatlarynyň we ertekileriniň söýgüli gahrymany. Soltan Mahmyt Gaznaly Firdöwsiniň «Şanama» eseriniň baş gahrymany hakda: «Rüstem Zal ýaly batyr, pälwan gahrymanlar meniň esgerlerimiň arasynda kän» diýende şahyr biçak gaharlanypdyr. «Beýle gahryman hiç ýerde ýokdur. Bu gahrymany diňe men döretdim» diýip, şahyr soltany nadanlykda, çeper esere düşünmezlikde aýyplapdyr. Aslynda, soltan ýüregini aýdypdyr: hakykatdan hem soltan Mahmyt Gaznalynyň goşunynda pälwan, batyr adamlar juda kän eken. Soltan ol pälwanlaryna guwanypdyr. Güýç synanyşmak, göreş tutmak boýunça

ýaryşlary yzygiderli geçirip durupdyr. Ussatlara mahsus bir kemçilik bar: olar eserlerine at daksaň halamaýarlar. Soltan Mahmyt Gaznalynyň sözleri bilen aýtsam, adamy öwseň, ol «Gör, men nähili gowy!» diýip guwanýar, eger «Seniň şeýle-şeýle kemçiligiň bar» diýseň, onda adam: «Gör, bu adam nähili ýaramaz!» diýip, seni ýigrenip ugraýar.

**4. Oba, kent** – biz obadyr kent sözüni manydaş sözler hasaplaýarys. Aslynda, bu sözleriň arasynda belli bir derejede tapawut bar. Kent – daşyna daşdan diwar aýlanan obadyr. Daşyna palçykdan diwar aýlanýan berkitmelere bolsa gala diýilýär.

**5. Horezm köli** – Aral kölüniň orta asyrda atlandyrylyşy.

**6. Lala** – terbiýeçi, atabeg, atalyk.

**7. Mirşikär** – awçylaryň ýolbaşçysy.

**8. Perrende bazary** – guş bazary.

**9. Şahyn** – ak reňkli laçyn.

**10. Kelete (kelate) etmek** – harap, weýran etmek.

**11. Mertebe** – bagt manysynda.

**12.** Tarih-i-Beýhaki. Abu-i-Fazlýa Beýhaki. Çagry begiň, Togrul begiň, Musa begiň her birine bir etrap – Şaruhan, Rabat Maşe, Gauhor etraplarynyň berlendigi hakda (1033 – 1034 ý.) Fahr Razi hem ýazypdyr.

**13. Akyn** – gadymy türkmen çapawulçylygynyň atlandyrylyşy.

**14. Muhammar** – şerap içip mes bolan.

## Üçünji hekaýat

**1. Çilten** – 1. Kyrk ten, kyrk adam; 2. Sopularyň kyrk adamdan ybarat “nujaba” ýa-da “abdal” diýilýän we keramatly hasaplanýan topary.

**1. Damulla** – mugallym.

2. Hindistana ilki bolup yslam dinini elten soltan Mahmyt Gaznalydyr. Päkistan 1947-nji ýylda özbaşdak yslam döwleti boldy.

## Bäşinji hekaýat

**1. Elite hüllepüş** – elite – saýlanan, iň gowy; hüllepüş – owadan geýim.

**2. Zünnar** – guşak; otparaz ruhanylarynyň guşagy.

**3. Haluf ýüpegi** – Haluf şäherinde dokalan ýüpek mata.

**4. Dilbent (dülbendi)** – boýna, başa daňylýan insizräk mata.

**5. Halhal** – aýal-gyzlaryň bezeg üçin aýaklaryna dakýan, kümüşden edilen, nagyşly ýasy halka. Bu bezeg Horasana, türkmenlere araplardan gelipdir.

**6. Boriýa** – ýekenden dokalan düşek.

7. Soltan Mahmyt Gaznaly 1027-nji ýylda urdu dilini döredýär. Soltanyň goşunynda köp halkyň wekilleri söweşipdirler. Şonuň üçin hem soltan Mahmyt bu dili döretmek bilen esgerleriň arasyndaky dil kynçylyklaryny, düşünişmezliklerini çözmegi maksat edinipdir. Urdu dili häzirki döwürde Päkistanyň döwlet dilidir.

## Altynjy hekaýat

1. Ibn Esir. Kämil taryh. 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

**2. Nass** – yslam hukugynda Gurhan bilen hadysa aýdylýar.

**3. Dor bedew** – kynyklara dör bedew münmegi Oguz han wesýet edipdi. Ýigrimi dört agtyga wesýet edilen atlaryň reňkiniň sany dokuzdyr. Mysal üçin, Gaýa, Baýada, Alaöýlä, Garaöýlä gara reňkdäki at; Owşara – ak reňkdäki at; Igdire, Begdüze, Ýiwä we Kynyga dor at miras berilýär. Oguz hanyň bu harby sargydy XIII asyrda Jelaleddin Meňburny döwründe-de bar eken. Elbetde, bu hakda göni gürrüň edilmese-de, muny Jelaleddiniň kätibi, Muhammet Nesewiniň «Jelaleddin Meňburnynyň ömür beýany» atly kitabyndaky şu setirlerden: «Bellenilen gün soltan goşunyny söweş nyzamyna düzdi. Goşunyň merkezi diňe gara atly, gara geýnen ýigitlerdendi, sag ganat dagyň sili ýaly uçganaklap duran ak atly, ak geýnen

nökerlerdendi, çep ganaty bolsa mele atly, mele geýnen nökerlerden ybaratdy» (254 sah.) hem aňmak bolýar. Elbetde, bu aýratyn gürrüň, özem uly gürrüň.

### Ýedinji hekaýat

**1. Tebük** – häzirki futbol oýnuna meňzeş oýun.

**2. Güý** – çöwgen hem tebük oýunlarynyň topy.

**3. Alty tarap** – gadymy döwürdäki durnukly söz düzümi. Ata-babalarymyz yslamdan öý «dört tarap» diýmän, «alty tarap» diýipdirler. Olar bäşinji we altynjy tarap diýip Ýeri we Asmany göz öňünde tutupdyrlar.

### Sekizinji hekaýat

**1. Ferraş** – içerini syryp-süpürýän hyzmatkär.

**2. Pereç** – ýelbegeý almak üçin tikilýän ýeňi kelte don.

**3. Bilal** – Ilkinji hebeşi azançy.

**4. Ýabgu** – patyşanyň wezipesini ýerine ýetiriji. Bu wezipe patyşalyk, şalyk berkarar edilýänçä wagtlaýyn berilýän at. (L.Gumilýow).

**5. Mahýa (maähr)** – galyň.

**6. Tapbala** – depçi zenan.

7. Seljugyň hatynynyň grek gyzy bolandygy, şeýle hem olaryň nesepleriniň nestorianlygy barada iki pikir bar: bir topar bu pikiri öňlaýar, beýleki topar bu pikire garşy çykýar. (Rene Grosse. Sähraýylaryň imperatorlygy. Türkmen diline terjime edilen nusgasy).

**8. Taýlesan** – boýna atylýan ýaglyk. Bu ýaglyk köplenç namazlyk üçin göterilýär. Zenanlar bu ýaglygy päklik, halallyk manysynda atynýarlar.

**9. Atyllanyň gününe salmak** – neberesi öldürilenden soň, bir görmegeý gyz aryny almak maksady bilen Atylla özüni bagyş edýär we gije uklap ýatan Atyllany pyçaklap öldürýär.

### Dokuzynjy hekaýat

**1**. Bu gysgaça maglumat ibn Esiriň «Kämil taryh» atly kitabynyň birinji jildinden alyndy.

**2. Samanogullary** – bu nesilşalyk 892 – 999-njy ýyllar aralygynda Merkezi Aziýada hökümdarlyk edýär. Bu döwletiň esasynda Mahmyt Gaznaly öz şalygyny döredýär.

**3**. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

**4. Ýaňykent** – 1964-nji ýylda belli bir alymlar topary tarapyndan Altyndepe diýlip atlandyryldy. Ýaňykent Beýik Oguz döwletiniň paýtagtydyr. Syrderýanyň boýundaky Ýaňykent – Abywertde suwuň kesilmegi sebäpli, Heýtelä göçen we ol ýerlerini mesgen tutunan oguzlaryň paýtagtynyň ikinji döreýşidir. Taryhdan belli bolşy ýaly, oguzlar nirä göç etseler, baran ýerlerine öňki ýaşan ýerleriniň atlaryny dakypdyrlar.

**5**. «Nasr Ilig han 1013-nji ýylda aradan çykdy, onuň ýerine gardaşy Mansur geçdi. Ol Arslan Ilig unwanyny aldy, kuwwatly hökümdar boldy. Ýöne 1021-nji ýylda hanedana degişli Alytegin Buharaga häkim bolanda özbaşdak hereketlere we öz ülkesini giňeltmäge başlady. Bu wagtlar Seljugyň ogly Arslan ýabgunyň öz ili bilen Jentden aşak inip, Buharadan 20 farsah (118 kilometr) demirgazykdaky Nur etrabynda ýerleşendigini bilýäris». Faruk Sumer. Oguzlar – türkmenler.

**6. Garahanly nesilşalygy** – 382 – 607-nji hijri; 992 – 1211 milady ýyllary aralygynda Heýtelede höküm sürýär. Garahanly türkmenleri – garlyk türkmenleridir, olar X asyryň ortalarynda Merkezi Aziýada ilkinji bolup yslamy kabul edýärler. «Gara» sözi «güýçli, köp» manysyndadyr. Ilek han samany şalygynyň paýtagty bolan Buhara şäherini basyp aldy we ol ýerde öňki şalygyň neberelerini ýok etdi. Samanogullary şalygynyň tagtynda oturyp, başyna täç geýdi. Bu waka 999-njy ýylda boldy. Ilek hanyň täç geýmegi samanogullary şalygynyň ýaşamasyny bes edendigini alamatlandyrdy.

7. Seljuk ibn Dükakyň bäş oglunyň atlary: Ysraýyl, Mykaýyl, Musa, Ýunus, Ahmet. Bu hakda Kerimeddin Mahmyt Aksaraýlynyň «Musameretul ahbar» (Habarlaryň mejlisi) atly kitabynda aýdylýar. Käbir taryhy çeşmelerde Seljuk begiň dört oglunyň bolandygy aýdylýar. Faruk Sümer bu barada şeýle ýaz-

ýar: «Seljugyň dört ogly bardy. Onuň oglunyň bäş bolmagy hem mümkin. Zahiri Nişapuryň sözlerine görä şeýledir. Bäş oglunyň atlary: Ysraýyl, Mykaýyl, Musa, Ýusup we Ýunus».

**8. Ýurduny täzeledi** – Taryhçylar Seljuk ibn Dükakaň ýüz ýedi ýaşda aradan çykandygyny nygtasalarda, onuň aradan çykan ýylyny dürlüçe görkezýärler. Bir taryhçy Seljuk begiň aradan çykan ýylyny 1007-nji ýyl diýip görkezse, başga bir taryhçy ony 1011-nji ýyl diýip, ýene bir taryhçy 1013-nji ýyly görkezýär.

**9.** Faruk Sümer. Oguzlar – türkmenler (taryhlary, tire-taýpa düzümleri, dessanlary) Aşgabat. 1999. Ibn Esir. Kämil taryh, 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

**10**. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

**11. Oguz hanyň pendi** – edilen etmişe hökman jeza bermelidigi, eger wezipeli beglerden, serkerdelerden haýsydyr biri etmiş edene howandar çyksa we ony jezadan alyp galmakçy bolsa, onda şol begi-de, serkerdäni-de patyşanyň ony nähili gowy görýändigine, hormatlaýandygyna seretmezden jezalandyrmaly. Kanun ähli kişi üçin deň bolmaly.

**12. Musahhar (teshyr, petih) kylmak** – eýelemek, boýun egdirmek, basyp almak.

**13. Jibal** – daglyk ýer diýmekdir. Jibal ülkesi – Yspyhan, Zenjan, Kazwin, Hemedan, Dinawar, Harmysyn, Reý ýaly şäherleri öz üçine alýan uly daglyk ülkedir.

**14. Büweýh, Kaku, Rawwat, Şaddat, Bawan, Musafir, Ziýar şalyklary** – Günbatarda hökümdarlyk süren uly bolmadyk şalyklar.

**Büweýh şalygy** – Eýranda we Yrakda 320 – 454-nji hijri, 932 – 1062-nji milady ýyllar aralygynda hökümdarlyk edýär. Bu şalygy Togrul beg syndyrýar.

**Kaku şalygy** – 1008 – 1051-nji milady ýyllary aralygynda Merkezi we Günbatar Eýranda hökümdarlyk edýär. Bu şalygy deýlemli Duşmanziýar esaslandyrýar. Şalygy Togrul beg syndyrýar.

**Rawwat şalygy** – X asyryň başyndan başlap, 1071-nji ýyla çenli Azerbaýjanda hökümdarlyk eden şalyk. Şalygy Alparslan syndyrýar.

**Şeddat şalygy** – hijriniň 370 – 571-nji, miladynyň 951 – 1174-nji ýyllary aralygynda Arranda (Garabag), Gündogar Ermenistanda hökümdarlyk eden şalyk.

**Bawan şalygy** – Hazar deňziniň kenarynda Tabarystanda hökümdarlyk edipdir. Hökümdarlyk eden ýyllary 665 – 1349-nji ýyllar.

**Musafir (salarlar) şalygy** – Deýlemde we Azerbaýjanda 916 – 1090-njy ýyllar aralygynda hökümdarlyk eden şalyk.

**Ziýar şalygy** – 927 – 1090-njy ýyllar aralygynda Tabarystanda we Gürgende hökümdarlyk eden şalyk.

15. Ibn Esir. Kämil taryh. 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

16. Ibn Esir. Kämil taryh. 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

17. Ibn Esir. Kämil taryh. 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

18. Kerimeddin Mahmyt Aksaraýly. Musameretul ahbar (Habarlaryň mejlisi).

19. Kerimeddin Mahmyt Aksaraýly. Musameretul ahbar (Habarlaryň mejlisi).

**20. Kunýe** – familiýasy, nesebiň aýdylyşy. Ibn, bin – ogly diýmekdir. Abu – kakasy; umm – ejesi; bin, ibn – ogly; bint – gyzy diýmegi aňladýar.

**21. Diýe (diýet)** – öldürilen adamyň huny üçin tölenýän pul.

22. Ibn Esir. Kämil taryh. 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

23. «Dört ýüz ýigriminji hijri ýylynyň (1029-njy ýyly) aşyr aýynyň birinji güni, söweşe ugraljak güni daňdan şazada Alparslan dünýä inipdi. Şonda onuň doglușyny mübärekläp, onuň täleýini gowulyga ýorupdylar». Ibn Esir. Kämil taryh. 1-nji jilt. TMMMM. A., 2005.

**24. Wežde-çillä oturmak** – wežde – ruhy taýdan göçgünli-öwçli ýagdaý. Çillä oturmak – derwüşdir sopularyň 40 günläp ýekelikde iýip-içip, Gurhany okap, ybadat etmegi.

**25. Jyza** – naýza.

**26. Askudar** – çapar.

## Onunjy hekaýat

1. Alty aýda bir, bir aýda alty garyş – gadymdan gelýän bu pähim bugdaý hakda. Hakykatdan hem ýylyň ahyryna ekilýän bu ekin alty aýda bir garyş ösýär. Togsan dolup, ýere ýylyň girmegi, ýazyň gelmegi bilen bugdaý bir aýda alty garyşlyk boý alýar, onsoň hasyla durýar.

## On birinji hekaýat

**1. Nyşan** – gelinlik bellenen gyz.
**2. Kedisi mawlamak (frazeologiki jümle)** – (kedi – pişik) ärsiremek.

### On ikinji hekaýat

**1. Bikir** – durmuşa çykmadyk päk gyz.
**2. Tuwak** – gelniň başyna atylyp, ýüzi ýapylýan seçekli örtük, nykap.
**3. Arguwany ýakut** – goýy gyrmyzy reňkli gymmatbaha daş.
**4. Mil** – 1852 metre deň bolan uzynlyk ölçegi.

### On üçünji hekaýat

**1. Gerdek** – çatynjalar öýi.
**2. Maşşate** – durmuşa çykýan gyzy geýindirýän-bezeýän hünärmen aýal.
**3. Nisar** – gelniň üstüne gymmatbaha altyn-kümüş hem-de gül seçmek dessury.

### On dördünji hekaýat

**1. Gypjak çöli** – Aral deňzi bilen Gara deňziň aralygy.
**2. Posdek** – düşek, ojakbaşy.
**3. Tübbet (Tibet) müşki** – Tübbet (Tibet) dördünji yklymda Hindistan bilen serhetleşýän bir ýurtdur. Bu ýurduň müşki hytaý müşkünden has ýakymly hasaplanýar. Bu müşk gymmat bahalanypdyr. Ony satyn almaga – peýdalanmaga diňe patyşalaryň gurbaty çatypdyr. Müşk jerenleriň göbeginden iki hili ýagdaýda alynýar: bir-ä awçylar jerenleri tor gurup tutup, olaryň göbeklerini dilip, müşk suwuklygyny alýarlar; ikinji ýagdaýda jerenler bişen müşklerini gaýalaryň ýiti daşlaryna süýkäp aýyrýarlar. Jerenleriň süýkenip daşlarda goýup giden, guran müşkleri iň ýokary hilli müşk hasaplanýar. Beýle müşkler iň gymmatbaha müşklerdir.
**4. Gumguma** – çüýşe.
**5. Rakiýa** – üzümden ýasalan arak. Boza – darydan ýasalan güýçli, serhoş ediji içgi.
**6. Asfury hanjary** – asfury – ýiti sary reňkli ýakut. Barjamly adamlar hanjarlarynyň sapyny ýakudyň mişmişi ýa-da asfury görnüşlerinden edýärler. Asfury ýakutlary gaýgy-gamdan saplaýan, göwnüňi göterýän güýç hasaplap, adamlar ony ýanlarynda göterýärler. Asfury ýakudyň düzüminde adamyň ruhuna oňyn täsir edip, ony galkyndyrýan, şatlandyrýan ylahy madda bar hasaplaýarlar. Togrul beg asfury hanjaryny Altynjan hatyna sowgat berýänçä ýanyndan aýyrmady. Onuň işi mydama şowuna boldy.
**7. Degirmen** – bu ýerde Asman göz öňünde tutulýar, çünki, asman sözi degirmene meňzeş diýen manyny aňladýar. As – degirmen, man – meňzeş.
**8. Jumag (şöhwet, küwen)** – är-aýallyk gatnaşygy, jübütleşmek.
**9. Jent** – şäheriň, emirligiň ady. Şeýle hem bugdaýdan atyň ýagyna gowrulyp taýýarlanylýan tagama «jent» diýilýär.
**10. «Zamahşar gijesi»** – şeýle aýylganç gyrgynçylyk dünýä taryhynda 1572-nji ýylyň 24-nji awgusty gijesi Parižde bolýar. Bu gan döküşligi «Warfolomeý gijesi» adyny alýar.

## IKINJI KITAP

# HEMINZAMAN



### Birinji hekaýat

### ÜLKER DÜŞSE, GYŞ BOLAR

Her bir zadyň soňy bar: ähli perrendelere hem derrendelere[1] soltanlyk eden bürgüdiň ahyryl-ahyr soňy geldi, çünki garrady – petekesiniň perleri agardy. Bürgüdiň petekesiniň perleriniň agarandygyny – garrandygyny gören perrendeler hem derrendeler ondan öňküleri ýaly elheder-gorky etmän, erkana ýaşap ugradylar.

Öň welin onuň al-asmanda sudurynyň çala görünmegi Ýerde uly howsala dörederdi. Janly-jandarlar haýdan-haý öz hinlerine, sürenlerine sümülmäge howlugardylar. Bürgüt ok deýin şuwlap barýan towşandyr torsuklaryň üstünden şaglap inip şeşper bolup urlardy, awuny alyp bilmedik gezegi ýokdy. Ýöne soňky günler ol diňe çem gelen perrende höwürtgelerindäki gyzyletene jüýjeler bilen oňňut etmeli bolýardy.

Bir gezek beýik dag gerşindäki öz höwürtgesinden nobatdaky aw gözlegine gitjek bolup durka, onuň ýanyna hüwi geldi. Özem ol hiç bir gorkusyz-ürküsiz geldi, köne hüwi tanşynyň ýanyna gelen deýin, gaty arkaýyn gürledi:

«Eý, bürgüt, sen garrap, halys awdan galdyň. Sen öňkiň ýaly awuňy alyp bilmäniňden soň, diňe höwürtgelerden jüýjeleri iýip gün görýärsiň. Meniň saňa nebsim agyrýar. Oýlanyp-oýlanyp, saňa kömek etmegi makul bildim. Men saňa öz awlan syçanlarymdan, mör-möjejiklerimden ölmezödülik bereýin, ýöne bir şert bilen...»

«O nähili şert?!»

«Şertim şeýle: men saňa öz awumdan aç ölmeziň ýaly berip duraryn, ýöne sen meniň höwürtgämdäki jüýjejiklerime gözüňi gyzdyrma!»

Bürgüt ýanynda hüwiniň gorkusyz-ürküsiz durmasyny, petekesini gaýşardyp gürlemesini özüne namys bildi. Ol özünden döwranyň geçendigine magat düşündi. Hüwä ýagşydan-ýamandan jogap bermedi. Ýeri, hüwiniň teklibini kabul etmelimi? Bürgüt birmahal garganyň aýdan pikirini ýatlady. Garga: «Öli arslan bolandan diri syçan bolanyň müň paý gowy» diýipdi, şonda.

Belki, bu pikir garga üçin dogrudyr. Bu dünýäde ýaşamak üçin her hili kysmatlara kaýyl geljekler kän ahyryn! Ýöne şeýle ýaşaýyş bürgüt kowumyna uslypmydyr?!

Bürgüt ähli guşlaryň şasy. Şaha bolsa ýalňyzlyk mahsus. Hut şonuň üçin bürgütler mydama ýeke-ýalňyzdyr. Şa bolup dünýä geldiň, eý, bürgüt, şa bolup hem bu dünýäden git! Bürgütkäň hüwi bolup ýaşamak, ýa garga, syçan bolup ýaşamak bürgüt kowumyna asla gelişmeýär. «Bürgüt bolup ýaşadyň, bürgüt bolup ölmegi-de başar» diýip, bürgüt öz-özüne pent etdi.

Bu pendini makul bilen bürgüt bar güýjüni jemläp asmana galdy. Ol tä ysgyndan gaçýança ýokary galdy. Soňam kert gaýanyň üstüne özüni goýberdi.

Bürgüt şuwlap aşak gaýtdy. Ýokardan gelip urlan bürgüt daşyň ýüzüni gyrmyzy gana boýady. Ana, şol gyrmyzy gan gyrmyzy lagla öwrülipdir. Lagyl daşlary bürgütleriň gyrmyzy ganyndan döreýärmiş.

* * *

426-njy (1034–1035) ýylyň gyşynyň ikinji rebi-us-sani (ýanwar) aýynyň on ýedisinden başlap, üç günläp gar ýagdy. Garyň galyňlygy dyzdan geçdi.

Togrul beg garly günleri, gary biçak gowy görýärdi. Gar ýagsa, hökman meýdana çykýardy. Garyň üstünde aýakýalaň ýöremekden, ýüzin düşüp ýatmakdan, aw awlamakdan, gar ýagyp durka oduň başynda iň ýakyn adamlary bilen üýşüp oturmakdan, çişlik, kebap bişirip iýmekden lezzet alýardy. Arman, garly günler türkmen topragynda juda seýrek bolýar, kä ýyllar-a gar ýaganogam.

Üç günläp garyň ýagandygyna seretmezden Etegiň ýakyn-u-daş obalaryndan, Mawerannahrdan, Horezminden gelen adamlary ertirden agşama çenli kabul edenden, olar bilen baglanyşykly meseleleri çözenden soň, Togrul açyk meýdanda – Garagumuň amatly bir oýunda oturyp, kakmaç iýmek, göwün hoşlamak pikiri bilen dört-bäş işşegiň etini pudarladyp, öňünden ugratdy.

Günortanlar Altynjan bilen özlerine garaşylýan guýnak oýa ugradylar.

Diňe dört tarap däl, oguzlaryň aýdyşy deýin, alty tarap hem ap-akdy, göýä Asman bilen Zemin aklyga bürenip, başga bir älem döretmekçi bolýan ýalydy.

Galyň gar atlaryň ýöremegini kynlaşdyrýardy.

Howa o diýen sowuk däldi, arassady, tämizdi. Bu eşrepi howa janyňa tenekar deýin ýakymly täsir edýärdi, ondan dem aldygyňça alasyň gelýärdi.

Togrul begiň-de, Altynjanyň-da atlary dor reňkdedi. Olaryň eginlerindäki eşikleri-de, esasan, al reňkdäki eşiklerdi.

Al reňk olaryň kynyk neslindendigini aňladýardy.

Altynjan durmuşa çykmazyndan burun Akgar atly ak reňkli at münüpdi. Ak reňk Oguz hanyň Owşar agtygynyň reňki eken. Ähli owşar neberesi ak reňkli at münýän eken, ak reňkli eşik geýýän eken.

Altynjanyň kakasy Abdylmälik han gara reňkli at münýärdi, onuň gullugyndaky adamlar hem gara reňkli at münýärdiler, esasan, gara reňkli eşik geýýärdiler. Abdylmälik han gyzynyň ak reňkli owşar atyny münmegine garşy bolman eken. Han özleriniň Gaýa hanyň neberesindendigini, olaryň gara reňkli at münmeklerini Oguz hanyň wesýet edendigini gyzyna aýtmandyr. Näme üçindir, bu hakda Altynjana Habyl bilen Kabylam, Sadylla-da, atabeg Omar-da aýtmandy.

Ol soltan Mahmyt Gaznalynyň Zamahşara gara atda, lowurdap duran gara eşikde gelendigi, şol pursat özüniň dünýä inendigi barada eşidipdi. Soltanyň yzyndaky atlylaryň hem gara atlydyklary, gara eşiklidikleri hakda hem eşidipdi. Özem kän gezekler eşidipdi, ýöne herçent eşitse-de, olaryň näme üçin diňe gara at münendiklerine, näme üçin diňe gara eşik geýendiklerine pisint etmändi. Çünki, Altynjanyň kakasy-da, onuň atlylary-da gara reňkli eşik geýýärdiler. Şeýle bolansoň ol şeýle at münmek, şeýle reňkde eşik geýmek parzdyr, şeýle reňkli eşik geýmegi özleri isleýändirler öýdýärdi. Indi görüp otursa, Oguzyň her kowumy wesýet edilen dokuz reňk boýunça geýinýän eken.

Altynjan durmuşa çykansoň, öňki mümkinçilikleri daraldy: Akgary bilen hoşlaşdy, indi dor at münmeli, al reňkli eşik geýmeli boldy.

Dogrusy, ol soňky günler ähli zatda al reňki görýärdi. Hana, düşlegde kakmaç taýýnlap oturan adamlaryň ýakýan otlaryndan hem al ýalyn dillerini Asmana uzadýar.

Ýaýbaň oýtakda düşleg edinen adamlaryň egin-eşikleri al reňklidi, ýöne gar olaryň-da üst-başyny ýetişibildiginden Altynjanyň gowy görýän ak reňkine öwürjek bolup çalyşýardy.

Togrul beg düşlege gelensoň, atyndan böküp düşdi, jylawy haşymlarynyň birine tabşyrdy. Soňam atyň üstünde uzaklara seredip oturan Altynjana elini uzatdy, onuň atdan düşmegine tekge berdi.

Garyň dyzdan ýokardadygyna seretmezden, pyýadalap, gündogara bakan ugradylar, bir depe aşdylar.

Bu ýerde durup seretseň, alty tarapyň diňe aklykdy.

Bu oýtakda özlerinden başga hiç kimse ýokdy.

Bu ýeri başga bir pelek ýalydy.

Howada göçgünlilik, badyhowalyk bardy.

Altynjan Togrul begiň bu mahal näme isleýändigini magat bilýärdi. Sebäbi ol bu pursat barada oňa düýnem, şu gün daňdanam aýdypdy. Begiň islegi – Altynjanyň-da islegidi.

Togrul beg üç-dört ädim öňden ýöräp, Altynjana ýol arçaýardy. Onuň keýpi kökdi, hatynyna beýik soltan Mahmyt Gaznaly bilen Jürjaniýa eden ýörişi, şol ýörişde bolan käbir wakalar, Zamahşara baryşlary, derwezeden

girenlerinde täze dünýä inen çaganyň jägildisiniň eşidilişi, täze doglan çaga soltanyň «Altynjan» diýip at dakyşy, «Beýik bir begiň hemrasy bolmagyny» pata berşi, patyşalaryň dilegleriniň mydama amal bolýandygy, çünki, olaryň Allanyň ýerdäki wekilleridigi hakda göçgünli gürrüň berýärdi.

Bu gürrüňleri diňlemek Altynjan üçin öňem ýakymlydy, häzirem ýakymly. Ol Togrul begiň joşgunly gürrüňini ýylgyrjaklap, gözlerini süzüp, heziller edip diňleýärdi.

Togrul beg birden saklandy:

– Altyn gyz, başlalymy? – diýip, ol ýanýoldaşynyň ýüzüne ýylgyryp bakdy.

Altynjan töweregine garanjaklady, hiç bir zatda nazary eglenmedi, ol göwünjeň dillendi:

– Sen näme diýseň, şol hem bolar!

Olar eginlerindäki possunlaryny çykardylar.

Altynjan ýene töweregine garanjaklady:

– Töweregiňe köp garanýarsyň-la? Kimdir biri bardyr öýdýärsiňmi?

– Aý, ýok.

– Şu oýda ikimizden başga hiç kim ýok. Başlabereli!

Altynjan begiň pikirini oňlady:

– Bolýar...

Togrul beg ilki başyndaky peşini, soň aýagyndaky keçe ädigini çykardy. Gary penjeläp alyp ýüzüne sürtdi. Ol ilkinji gezek görýän deýin, esli salym Altynjany mähir bilen synlady. Ýaňagyndan, saç-laryndan sypady. Soňam oňa daşky eşiklerini çykarmaga kömekleşdi.

– Özüm çykararyn.

– Meniň kömegim zyýan etmez.

Togrul beg Altynjanyň çenberini gapdala zyňyp goýberdi:

– Soň taparmykam?

– Taparys.

Togrul beg hatynynyň gözlerinden nazaryny aýyrmaýardy.

Başlandy!

Beg başda howlukman hereket etdi.

Olar kem-kemden gyzyşdylar.

Garyň üsti torç edildi.

Olaryň bedenlerinden bug göterilip ugrady.

Togrul begiň Altynjana seretdigiçe seredesi, mährini gandyrasy gelýärdi, ony biçak gowy görýärdi. Oňa: «Altyn gyz, sen eýýäm maksadyňa ýetdiň, sen meniň ýüregim» diýýärdi. Kyrk ýaşa ýetip, özüniň Altynjana kökerilmeginiň, imrinmeginiň sebäbine teý düşünip bilenokdy. Dogrusy, ol ýaşlykda Mahym atly gyza göwün beripdi. Mahym Gökdaş begiň gyzydy. Togrul beg Mahym bilen gar ýaganda açyk meýdana çykyp, baş açyk, aýak ýalaň ylgamak ylgardy. Olar ýaşlykda biri-birine biçak imrinipdiler.

Günleriň bir güni Mahymy afrasýaplylar bilen garyndaşlyk gatnaşygyny açmak, berkitmek maksady bilen Kadyr hana berdiler. Çünki Kadyr han Gökdaşyň gyzyny hatyn edinmek isleýändigini açyk aýdypdy. Şondan soň alaç galmandy.

Mahym iki aýdan soň afrasýaplylarda ýogaldy. Nädip ýogaldy? Keselläp ýogaldymy ýa öldürildimi, seljuklylar bu barada hiç zat bilip bilmediler. Üç ýyldan soň Togrul beg Nur welaýatynyň walysy Isgender ibn Nurjanyň Altyn atly gyzyna öýlendi. Ähli zat gülala-güllükdi, ýöne bu uzaga çekmedi: sekiz aýlyk göwreli Altyn hatyn agyr derde uçrady, ony Ezraýylyň elinden alyp galjak bolup Togrul beg iki ýana çapdy, ýöne Ezraýyl göni gelse, lukman-da täsir edip biljek däl eken. Altyn hatyn Togrul bilen bir ýyl ýaşaşyp, göräýmäge, ýönekeý bir keselden – içki sanjydan ýogaldy.

Şondan soň Togrul begiň durmuşynda, diňe bir onuň durmuşynda däl, ähli seljuk neberesiniň durmuşynda galagoply durmuş başlandy. Alp Garanyň Ýusup ýabguny öldürmegi Togrul bege gaty agyr urgy boldy, ol üç günläp wujde-çillede oturdy. Şonda köp zatlar oňa oraşan göründi.

Şonda Altynjanyň öz täze durmuşyna täze bir güýç, täze bir hyjuw bolup girjekdigini-de gördi.

Ol Altynjanyň gözelligine, başarjaňlygyna, alçaklygyna maýyldy, onuň ilkinji nika gijesindäki dogumly hereketleri Togrul begiň göz atuwynda köplenç janlanýardy, gaýtalanýardy.

Ol Altynjany eliniň aýasynda saklamak isleýärdi. Bu isleg onda toýdan öň hem bardy. Şu maksat bilen ol Altynjana köp mukdarda jamy-jambar alypdy, ýöne ol alan zatlarynyň barysy Şamälik emire olja boldy. Megerem, onuň Altynjana niýetläp alan zatlaryny bu gün Jentde Şamäligiň hatynlary göwünlerini şatlap geýip ýörendirler?!

Allatagala haýsydyr bir merdana kişini ýalkajak bolsa, ilki bilen oňa mynasyp hatyn berer eken. Togrul beg Çagry begde-de, Musa begde-de, mahlasy, ähli seljuk beglerinde özüniňki deýin başarnykly, özüniňki deýin ökde hatynyň ýokdugyny bilýär. Muny ähli seljuk begleri Togrul begiň ýanlarynda boýunlaryna hem alýarlar.

Togrul beg Altynjana guwanýardy. Çünki ol onuň köp işlerini ýeňilleşdirýärdi. Kimedir birine arap ýa pars dilinde hat ýazmaly bolsa, adam agtaryp ýörmeli däldi. Altynjan bu işi sähel salymda oňarýardy. Arap, pars, ýunan dilleri boýunça terjuman gerekmi, baş üstüne, terjuman hem gözläp ýörmeli däl, Altynjan ol dillere edil türkmen dilinde gürleşýän ýaly erkin gürleşip otyr. Onsoň Togrul beg oňa neneň: «Altyn gyz, sen durşuň bilen hazyna» diýip aýtmasyn?!

«Zamahşar gijesinden» soň aman galan seljuklylar Merwiň üsti bilen Etege gelipdiler. Merwde soltan Masuda hat ýazylypdy [2]. Şol haty hem pars dilinde Altynjan ýazypdy. Togrul begiň debiri hem nedimi ulama Seýit Rawendi Altynjanyň ýazan hatyna: «Aperin!» diýipdi. Seýit Rawendi özüne aşa göwni ýetýän, ýüz görüp gapyrga syrmaýan, hortap, ylymuran kişidi. Ol hiç kimiň göwni üçinem sypaýyçylyk etjek kişi däldi. Iňirdegendi, iňirdeýändigi, kemçiligiňi göni ýüzüňe aýdýandygy üçin ony köpler halanokdy, ýöne işini gül ýaly edýänligi, aşa sowatlydygy üçin onuň iňirdilerine göz ýumýardylar. Soňky döwürde ol nähili hat taýýarlasa, Altynjana görkezýärdi, onuň bilen maslahatlaşýardy.

Altynjan welin, soltan Masuda ýazan hatynyň gowy derejede ýazylandygyna ynanyp bilenokdy. Sebäbi ol hata şindem jogap gelenokdy.

Hata jogabyň gelmeýändiginiň sebäbi Altynjanyň pikir edişi ýaly däldi.

Soltan Masut seljuklylary ähmiýete mynasyp hasaplamandy. Ýogsam Merwde seljuklylardan hat alan Horasanyň emiri Abul-Fazl Sury közüň üstüne düşen deýin elewräberdi, haty haýdan-haý Gazna ýollady.

Şol mahal soltan Masudyň aladasy başyndan agdykdy.

Ol, esasan, iki ýyl bäri soňa goýup ýören bir möhüm meselesini çözmek pikiri bilen başagaýdy. Ol mesele Tabarystan [3] bilen baglanyşyklydy.

Mundan iki ýyl öň Gazna soltanlygynyň tabynlygyndaky Tabarystan we Gürgen sebitlerinde hökümdarlyk edýän Ziýar şalygynyň şasy Manuçihr [4] ýogalypdy. Manuçihrini öz salary, ejesiniň dogany Bakalanjar birki sany köşk emeldary bilen dilleşip awy berip öldüripdi [5]. Soňam şalygyň wezir-wekilleriniň adyndan soltan Masuda hat ýazypdylar, şalyga şa goýmak meselesini çözüp bermegini towakga edipdiler, eger ýurda Bakalanjar şalyk etse, onda ýurduň gülläp ösjekdigini, Gazna köp mukdarda salgyt-paç, hedýe-engam iberip biljekdiklerini nygtapdylar. Şonda soltan Ziýar şalygynyň merkezi şäherine – Gürgene ýakyn wagtda barjakdygyny, olaryň meselelerini ýerinde çözjekdigini wada beripdi. Ondan bärem iki ýyl geçipdi. Ýakynda soltan Masut Balhdaka onuň ýanyna Gürgenden uly wekilçilikli topar ýörite barypdy, Gürgendäki meseleler hakda aýdypdy, ol meseleleri çözüp bermegini soltandan ýene towakga edipdi. Soltan Ziýar şalygy baradaky meseleleri mundan beýläk yza çekmezligi makul tapdy, Gürgene tarap ýola düşdi, şalygyň tabynlygyndaky Saryýa, Amul, Gürgen, Astrabat şäherlerine paç salyp, köp mukdarda baýlyk gazanmak isledi. Oňa berlen maglumatlara görä şäherleriň hersinde «bäş ýüz müň sany hojalyk» ýaşaýardy. Şäher ilatynyň hersi bir dinardan paç tölände «bäş ýüz müň sany bäş ýüz müň» dinar boljakdy [6].

Soltan Masut agyr goşun bilen Gürgene bardy. Iki ýyllap garaşan ýerli ilat soltany gülerýüz, duz-çörek bilen garşy aldy. Soltanyň öňünde adamlar öz begençlerini bildirmek maksady bilen aýdym aýdyp, saz çaldylar, ýerli sungat ussatlary öz başarnyklaryny görkezdiler [7]. Gürgen welaýatyna häkim bolmak isleýän Bakalanjar soltanyň öňünde pyrlampaç bolup aýlanýardy: ýaranmak üçin gaty yhlas edýärdi. Ol biçak görmegeý, biçak edaly gyzynyň bardygyny, ony soltana mynasyp hasaplaýandygyny aýtdy. Soltan garşy çykyp durmady. Bakalanjaryň gyzy hakykatdanam soltanyň hoşuna geldi.

Soltanyň gürgenlilere giýew bolýandygynyň hormatyna uly toý tutuldy. Toýdan soň soltan Masut Balhda ýüregine düwen maksadyny amal etmegiň ugruna çykdy. Bu babatda öz başarjaňlygyny görkezdi: gysga wagtyň içinde özüne her bir ziýarlydan bir dinar ýygnap getirip berilmegini talap etdi.

Ine, şu ýerde-de ýagdaýlar bulaşdy. Salgytdan, paçdan, haraç-dan ýaňa öň beze-bez bolan adamlar alabasga düşdüler. Wah, bar bolsa ýerli ilat berjek, ýöne berere zatlary bolmasa nätsin?!

Entek ýüzlerinden şatlygyň alamatlary aýrylmaga ýetişmedik ilat birden pajyga ahwalatyna düşdi.

Soltanyň gulamlary paç ýygnamak maksady bilen öýme-öý girip, adamlaryň öý goşlaryny towsa göterdiler, paç töläp bilmedik kişileriň öýlerini otladylar, köp adamy öldürdiler. Garasaý, ilatyň elinde baryny almak üçin gaty yhlas etdiler.

Ziýar şalygynyň şäherleriniň ilaty, aýratyn hem Gürgen, Saryýa, Astrabat şäherleri gaznalylara tabyn bolmazyndan burun Apbasy halyfyna ýylda on müň dirhem töleýärdi [8], soltan Masut bolsa ol şäherleriň hersinden öňki tölegden on esse köp paç talap edýärdi.

Ilat öýden-öwzardan geçip, çem gelen tarapa gaçmak gaç-dy. Şäherler boşap galdy. Çolpusyna suwytly zat düşmedik soltan gazap atyna mündi. Ziýar şalygynyň her şäherinden «bäş ýüz müň sany bäş ýüz müň» dirhem ýygnap boljakdygyny habar beren salgyt diwanynyň hemem habar beriş umurysynyň-gullugynyň sahyplaryny, işgärlerini – ýüze golaý adamy huzuryna getirtdi. Olary galp maglumat berip, soltany betnam ýagdaýa salandyklary üçin ýeke-ýekeden piliň aýagynyň aşagyna oklap öldürtdi [9]. Barybir, soltanyň olardan ýaňa içi sowamady.

Soltan Gürgenden Nyşapura lapykeç dolanyp gelende oňa seljuklylar hakda ýatlatdylar.

– Eger seljuklylary gyssagly kowmasak, onda Horasan biziň elimizden gider – diýip, beýik hoja (wezir) Ahmet-i-Abd-as-Samat sandyrady.

Soltan:

– Olary kowmak gaty aňsat, siz, näme, olary nädip kowmalydygyny bileňzokmy? – diýip, ajy ýylgyrdy.

Wezir-wekiller biri-biriniň ýüzüne soragly bakdylar, soňundan adamlary ýaşaýan ýerlerinden nädip aňsatlyk bilen kowup bolýandygyny bilmeýändiklerini boýunlaryna aldylar.

Soltanyň sözi gysga boldy:

– Adamlaryň öýlerini taşlap gaçyşlaryny men Tabarystanda hakyt gözüm bilen görüp geldim. Seljuklylar diýýänleriňizi tabarystanlylaryň gününe salmaly: olary agyr salgyt, agyr paç tölemäge borçly etmeli. Ana, şonda siziň seljuklylar diýýänleriňiz zut gaçar.

Bu pikir mejlisdäkileriň ählisine makul göründi. Soltanyň bu inçe syýasatyny, pähim-parasadyny öwmek öwdüler.

Şondan soň bundar [10] toparlary seljuklylaryň üstüne aç gurt bolup okduryldylar.

Tahyrlylardan [11] bäri her ýylda Paraw elli bäş müň, Nusaý sekiz ýüz togsan müň, Abywert ýedi ýüz elli müň dirhem paçdyr salgyt töleýärdi [12]. Tölegiň bu möçberi saffarylar, samanylar döwürlerinde-de üýtgemändi. Dogrusy, bu möçberi gaznalylar hem saklapdylar, ýöne seljuklylar gelensoň salgydyň möçberini tas on esse möçberinde artdyrdylar.

Tölenmeli salgytlaryň görnüşleri kändi. Diňe sadakat [13] boýunça Nusaýda ýerleşen seljuklylaryň tölemeli dirhemi öňki ähli salgyt töleglerinden artykdy. Horezminden getirilen ähli dowarlary, ýylkylary dirheme öwrüp bereniňde-de doly hasaplaşyp boljak däldi.

Bundarlar gaty ýowuzdylar, haýasyzdylar, ahlaksyzdylar. Olar aýdan möçberindäki salgytlar tölenmese, öýleri tozdurýardylar, ähli goş-golamlary alýardylar.

Özem bu gün bir topar bundary kanagatlandyryp yzyna ugratsaň, ertesi bundarlaryň başga bir topary gelýärdi. Sebäbi salgytlaryň görnüşleri ondan hem köpdi. Salgytlaryň esasylary haraç bilen hüşür[14] hasaplanýardy. Ýöne rusum-i-marai, awariz, kisam, alaf, taufir, hukuky maragy, töleg, jizýe, ähli zimmet, abre [15] tölegleri biçak agyrdy. Salgytlaryň tölenişine gözegçilik edýärin diýip, «men diwany yşrafy memleketdendirin» [16] diýip, «men diwany-amaldandyryn» [17] diýip, «men hukuk wa rusumi diwanidandyryn» [18] diýip topar-topar bolup gelýärdiler. Nal baha [19] diýibem salgyt almaga gelýärdiler. Hiç zady geň görer ýaly däldi. Olara bundarlardanam köp gerekdi. Olaryň öňünde soltan Masut-da durup bilmez.

Bu gün hem bundarlar gelipdi. Olar tizden-tiz Togrul begiň öz huzurlaryna gelmeklerini talap edýärdiler.

Yzyny üzmän gelýän salgytçylaryň-bundarlaryň-masyllaryň öňlerinde durmak seljuklylara görgüdi.

Togrul beg howanyň häzirki amatsyzlygynda bundarlar öýlerinden çykmaz, gelmez öýdüpdi. Ine, şu niýet bilenem sähra dynç almaga çykypdy. Begiň niýeti bu gün dünýäni, iň esasy-da, masyllary unudyp dynç almakdy.

Oýtakda ojar ody uludan ýakylypdy.

Bu mahal Togrul beg hatyny bilen düşlegden bir depe aňyrda hylwaty «söweş» geçirýärdi.

Olar ýaňy gyzyşyp ugrapdy, biri-birinden nazarlaryny aýyrman hereket edýärdiler.

– Ýadadyňmy? – diýip, gara dere batan Togrul beg dillendi.

– Ýok, ýok – diýip, Altynjan jogap berdi.

Olar biri-birine gazaply daraşýardylar, göýäki biri-birinde köýüp ýatan ary bar ýalydy. Togrul begiň ýatagany Altynjanyň eline gyltyz degen-de bolsa ganadypdy. Onuň gyrmyzy gany garyň üstüne seçelenýärdi.

– Senden gan akýar.

– Goý, aksyn.

– Eliňi saraly!

– Bir gezek Togrul beg şeýle diýdi: «Garşydaşyňa sähel rehimdarlyk etmek – öz janyňdan dynmak».

– Hakyt şeýle diýdimi ol?
– Käte şeýle pikirleri aýdaýmak edähedi bar onuň.
Ýataganlardan uçgun syçraýardy, olaryň şarkyldy sesleri uzaklara ýaňlanýardy.
Birden:
– Togrul beg, Togrul beg! – diýen ses eşidildi.
– Ýene masyllar gelendir – diýip, Togrul beg uludan demini aldy. – Mundan-a mydar bolmaz.
– Pilmahmydyň [20] dogmasy seljuklylaryň öz garşysyna çykmagyny, elinden Horasany almagyny isleýär öýdýän.
– Bizi mejbur edýär.
– Bu Allatagalanyň islegi bolsun gerek – diýip, Altynjan yzly-yzyna hüjüm etdi.
– Togrul beg, Togrul beg! – diýip, ýakyna gelen çapar är-aýalyň gylyçlaşmalaryny goýaryna garaşdy, ýöne är-aýalyň bolşy hiç zat eşitmeýän ýalydy. Çapar zol-zol gygyrmakdan heder edip, Togrul begiň habar almagyna garaşdy.
– Men Horasan hökümdarlygyny döretmek isleýärin, ýöne gaýalar barka kynyklaryň oňa haky ýok.
– Döwür-döwran üýtgäp-özgerip dur...
– Näme üýtgese-de, Oguz hanyň wesýeti üýtgänok. Biz Oguz hanyň ikinji hatynyndan dörän nebere, hyzmat etmeli nebere. Kynyklaryň işi gaýa neberesiniň – patyşanyň serhetlerini gorap bermek. Wah, biz serhet gorajak welin, Masut bizi rahat ýaşadanok...
– Bize bilgeşleýin sütem edilýär!
– Dogry, bize bilgeşleýin sütem edýärler. Ol bizi bir hepbesiz [21] galdyryp, aýagyna ýykylmagymyzy isleýär.
– Togrul beg, Togrul beg! – diýip, çapar ýene gygyrdy.
– Altynjan, türgenleşigimizi bu günlükçe goýbolsun edeli. Gel, men eliňi sarap bereýin.
Çapar howlukmaç gürledi:
– Togrul beg, meni dergähiňize Ybraýym beg ugratdy. Nyşapurdan masyllar geldi. Size garaşýarlar.
– Men häzir bararyn, sen yzyňa gaýdyber.

* * *

Täze durmuş başlandy
Mundan üç aý owal Sowmagy [22] Çagry beg bilen Togrul bege: «Siz häzir gaflatda ýaşaýarsyňyz. Ýakyn wagtlarda Jeýhun derýasynyň boýunda sizi şeýlebir siltärler welin, ana, şondan soň siziň täze ömrüňiz başlanar» diýipdi. Sowmagynyň bu sözüne şonda Çagry-da, Togrul-da o diýen ähmiýet bermändi. Ýöne iki dogan Sowmagynyň diýen «silterlemesiniň» beýle wagşyýana boljakdygyny akyllaryna sygdyryp-da bilmeýärdiler.
Aýylganç Zamahşar gyrgynçylygyndan gaçyp, seljuklylar Rabat-Nysanda düşläpdiler. Ol ýerde kimiň bardygy, kimiň-nämäniň ýoklugy tükellendi. Hasan beg aşa sypaýy müneçjim Sowmagynyň üstüne gygyrdy:
– Şeýle gyrgynçylygyň boljagyny öňünden bilen bolsaň, näme üçin düşnükli edip aýtmadyň?
– Iki gezek gaýtaladym.
– Ondan gaýtaladym bolmaz. Aýdanyňda gaty düşnükli edip aýtmaly.
– Men silterleme bolar diýdim-ä!
– Muňa silterleme diýilmeýär. Muňa gyrgynçylyk diýilýär, gyrgynçylyk! – diýip, aňsat-aňsat gaharlanmaýan Hasan beg sesini gataltdy.
Hasan begiň janykmasyny synlan Togrul beg Sowmagynyň soňky sözlerini aňynda aýlady. Onuň sözleri göwnüne makul geldi. Ol sözlere ýürekden ynanmak isledi. Ýöne onuň ertirki güni gaty garaňkydy. Çünki düýn köp mukdarda baýlygy, on müň esgeri bolan Togrul bu gün bary-ýogy ýedi ýüz sany atly bilen galdy.
Ýeri, indi nirä gitmeli?!
Seljuklylaryň üçünji gezek maňlaýlary daşa degdi.
Üç gezek!
Birinji gezek seljuklylar Ýaňykentde Aly patyşa bilen oňuşmady.
Patyşanyň hatynynyň tekepbirligi zerarly Seljuk beg öz ýaranlary bilen Ýaňykentden Jende göçüp gaýtdy.

Bu masgaraçylyk ýaňy unudylyp ugralanda seljuklylaryň depesinden ikinji masgaraçylyk indi: Garahan türkmenleriniň patyşasy Alytegin seljuklylaryň garşysyna aýaga galdy. Ol meseläni nagt goýdy: «Mawarannahrda ýa siz hökümdarlyk edersiňiz ýa-da biz. Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz». Ol şu pikiriniň subutnamasy hökmünde seljuklylaryň ýabgusy Ýusuby öldürdi.

Seljuklylar ikinji gezegem ýeňlişi boýun aldylar, gaçmak bilen boldular.

Olar Garahanlylar hökümdarlygynyň tabynlygyndaky ýerleri – Mawerannahry terk edip, Horezmine geldiler. Bu ýeri gaznaly soltanlygynyň tabynlygynda. Bu soltanlygyň öňünde seljuklylaryň bitiren, bitirýän hyzmaty az däl. Seljuk jemagatlary Balkanda gaznaly soltanlygyny wagyz edýärler, beren wadalaryna wepaly bolup, salgytlaryny-paçlaryny wagtly-wagtynda töläp ýörler. Şonuň üçinem olar Altyndaşyň çakylygyny göwünjeň kabul etdiler. Emma olara bu ýerde-de rahatlyk bolmady. Jendiň emiri Şamälik ejesine beren sözünde tapyldy, seljuklylary aýylganç gyrdy. Gör, näçe baýlyk Şamälige olja galdy.

Süri-süri mallar!

Süri-süri ýylkylar!

Bary Şamäligiň tabynlygyna geçdi.

Seljuk begleriniň belli bir bölegi diňe gara başlaryny halas etmäge ýetişdi. Olaryň ýanlary bilen alan zatlary ýok!

Bu üçünji ýeňliş!

Masgaraçylykly ýeňliş!

«Üçden soň puç» diýilýär!

Indi näme etmeli?!

Nämeden başlamaly?!

Kime bil baglamaly?!

«Wah, soltan Mahmyt diri bolan bolsady, onda ol hökman bize eýe çykardy. Şamälikden arymyzy-da alyp bererdi, ýöne Masutdan degirmen (asman) ýakyn. Ondan diňe bize däl, hiç kime-de howandar bolmaz» diýip, Togrul beg örtenmek örtenýärdi.

Herhal, soltan Masuda ýüz tutmakdan başga seljuklylarda alaç ýokdy.

Seljuk begleri özara geňeş etdiler. Geňeşde soltan Masut Gaznala gulluga durmak, Şamälikden ar almak makul bilindi.

Belki, Mawerannahra dolanmaga, Afrasýap şalygyny ýok etmäge mümkinçilik dörär?!

Allatagala seljuk beglerine başga kysmat taýýarlap goýan eken...

## Ikinji hekaýat

## GORKYNYŇ GÖZI KÖR

Gyş geçip, ýaz geldi. Ýazyň gelmegi bilen Nusaýa gelýän masyllar-da köpeldi.

Bu gezekki gelen bundar-masyllary Anuşirwan garşylady.

Galada Togrul beg bilen Çagry beg ýokdy. Olar Parawa – Musa begiň ýanyna gidipdiler. Ybraýym beg dümewläp ýatyrdy.

Anuşirwan bundarlara ýagdaýy mälim etdi: Togrul begiň galada ýokdugyny, Parawa gidendigini, ol gelýänçä özüniň hiç iş edip bilmejekdigini aýtdy.

Arkasynda soltan Masut duran bundar – Nyşapur diwanynyň muhtasyby Kubat ibn Kuwal diňe öz bähbidi üçin Nusaýa gelipdi. Ol ýüz müň dinary jantaýyna urmakçydy. Eger şu maksady başa barmasa, onda ol seljuklylaryň ellerine, aýaklaryna gandal urup äkidip, gul bazarynda deger-degmez bahasyna satmakçydy. Garasaý, eýdip-de bolsa, beýdip-de bolsa baýamakçydy. Ol Horasanyň häkimi Abul-Fazl Surydan ygtyýarnamalydy.

Ybraýym beg ýarawlygy bolmasa-da daşaryk çykdy. Bundarlara:

– Bizde indi size tölär ýaly bir hepbe-de ýok – diýdi.

Kubat ibn Kuwaly Ybraýym begiň jogaby kanagatlandyrmady. Ybraýymyň aýagyna, eline gandal urdular, garşylyk görkezendigi, hapadan-hapa sögendigi üçinem tä özünden gidýänçä ýençdiler.

– Salgyt tölemeseňiz, onda biz sizi zamun hökmünde äkideris, ýygnan pullarymyzy bolsa beýtilmala geçireris – diýip, Kubat ibn Kuwal haýbat atdy.

Sahybyň sözi boş haýbat däl eken. Ol salgyt ýygnajak bolup, nusaýlylary gyran-jyran edip gördi, barybir, çolpusyna ilen oňly zat bolmady. Şonuň üçinem ol Seljuk begleriniň iň ýakyny hasaplan on iki adamynyň aýagyny gandallady. Olaryň arasynda Ybraýymdan başga Anuşirwan bilen Nasyr beg-de bardy. Masyllar: «Şu on iki kişini zamun alsak, bulary halas etmek üçin seljuklylar derrew salgytlaryny tölärler» diýip pikir edipdiler.

Dogrudanam, seljuklylar bu on iki kişini halas etmek üçin barja-ýokjalaryny orta dökdüler.

Ýygnalan baýlyklar Kubat ibn Kuwala az göründi.

Altynjan Anuşirwany alyp galmak üçin Kubat ibn Kuwala göwher monjugyny, altyn bilezigini, gulakhalkasyny berdi:

– Merhemetli sahyp, siz meniň daýymy halas ediň!

Sahyp Altynjanyň beren zatlaryny alyp, onuň üstüne haýbat atdy:

– Güm bol! Häziriň özünde şu ýerden güm bolmasaň, seni-de gandallap, äkidip, gyrnak edip sataryn!

Altynjan aýagyna gandal urlan Ybraýym begiň ýanyna ylgap bardy:

– Näme edeli?

– Men Togrulyň yzyndan çapar ýolladym. Çagry bilen Togrul bir çykalga tapaýmasa, men-ä nätjegimi bilemok. Soltanatyň garşysyna gitsek, onda bular ýowuzdan ýowuz betbagtlyk tapar.

* * *

Bolýan ahwalata, gözüň görýän zadyna ynanar ýaly däldi: gaznalylar namazşam aýagyna gandal urlan, biri-birine çatylan on iki seljuklyny alyp gitdiler.

Zamun alnanlaryň yzyndan aýal-ebtatlar, oglanjyklar yzan-da-çuwan bolşup barýardylar, orlaşýardylar. Agy seslerinden ýaňa depe saçyň syh-syh bolýardy.

Gaznaly bundarlar aýallary, oglanjyklary öz yzlaryndan galdyrjak bolup, olary gamçylap urýardylar.

Galadakylar hernäçe gamçylansalar-da, ep-esli aralyga çenli zamun alnanlaryň yzlaryndan gitdiler.

Dolanyp gelen adamlar Altynjanyň daşyna üýşdüler. Adamlaryň bir topary Altynjandan delalat isleýärdi:

– Altynjan, olary halas et!

– Kömek et!

– Näme etmeli?

Kabylyň başda durmagyndaky birtopar adam zamun alnanlary darkaş gurap halas etmegi Altynjandan talap etdi:

– Masyllaryň yzyndan ýetip, olary öldüreli, öz adamlarymyzy halas edeli.

– Togrul begiň yzyndan çapar ugradaly!

Altynjan olaryň ählisine ýeke jogap berdi:

– Togrul begiň yzyndan çapar ýolladym, ol geler, bir çykalga tapar.

Bu jogap adamlary kanagatlandyrmady. Elbetde, bu pikir Altynjanyň özünem kanagatlandyranokdy. Galadakylaryň galabasy gaznalylaryň yzyndan gitmek, olary gylyçdan geçirmek, şeýdibem öz adamlaryny halas etmek pikirini ýeke-täk dogry çykalga hasaplaýardy. Özem bu pikir wagt geçdigisaýyn möwç alýardy, pikiriň tarapdarlary-da köpelýärdi.

Altynjan uzak gijäni ýatman, Togrul bege garaşyp, zamun alnan adamlary halas etmek üçin her hili ýollary gözläp geçirdi.

Ömrüň manysy onuň üçin pitige münüpdi. «Bu gün Ybraýym beg bilen Anuşirwany zamun alyp giden gaznaly ertirki gün Togrul beg bilen Altynjanam alyp gider» diýen pikir onuň aňynda ezýet berýärdi.

Eh, Altynjan, beýle bus-busy ýaşaýyş saňa nämä gerek?!

Birnäçe serkerde Altynjanyň daşyna egele boldy:

– Melikäm, gol gowjap oturmak size gelşenok, Anuşirwany halas edeliň! – diýip, Bekdaş Rudbar janykdy.

– Gidenleriň yzyndan ýeteliň! – diýip, Ýyldyrym Sebzewar Bekdaşy goldady.

– Altynjan, Anuşirwanyň gul bazaryna salynmagyna ýol bermek – bize namysdyr – diýip, serkerde Hapban Endikäni hyrçyny dişledi.

– Bundarlary öldürsek, biziň başymyza ahyrzaman gopar, soltan Masut bizi uçdantutma gyrar – diýip, Ýusup Bazyrgany aýtdy. – Öldürmek – iň soňky çykalga. Başga bir çykalga gözlä-liň.

– Başga çykalga barmy? – diýip, Altynjan Ýusup Bazyrganydan sorady.

– Satyn almak ýoly bar... Maňa pul tapyp beriň. Men gidip olary boşadyp geleýin.

– Ýusup, men Anuşirwany azat etmek üçin Kubat ibn Kuwala göwher monjugymy, altyn bilezigimi, gülakhalkamy berdim, ýöne sahyp meniň bu zatlarymy alyp, soňundan meni kowup goýberdi. Sen muny gördüň ahyryn!

– Gördüm!

– Onda näme etmeli?

– Melikäm, bu meseläni siziň özüňizden başga çözüp biljek adam ýok. Siz näme diýseňiz, biz siziň bilen!

Altynjan ýanyna gelýänleriň ählisiniň häsiýetine belet. Şonuň üçin olaryň her biriniň aýtjak sözlerinem bilýär ol.

Kabyl – göçgünli, gany gyzgyn. Ol ertirki gününi gaýgyrmaýar.

Ýatmaz bilen Çyrlakda pikir ýok, olar näme buýrulsa şony ederler. Şonuň üçin hem olar geplemez.

Akgaýa pelsepeçi. Ol oýlanyşykly hereket etmegi ündär.

Altynjanyň pikir edişi ýaly boldy.

Ýatmaz bilen Çyrlak näme buýruk bolsa, özleriniň taýýardygyny mälim etdiler.

Akgaýa Altynjana ýedi ölçäp bir kesmegi maslahat berdi.

Kabyl badyhowa gürledi:

– Uýam, gaznalylaryň eden-etdiliklerine men çydap bilemok. Men Ýyldyrym Sebzewar bilen gidip, bundarlary dogram-dogram etjek!

– Näme etmelidigini özüm aýdaryn!

– Aýt-da aýdýan bolsaň!

* * *

Uzynly gün Togrul bege garaşdylar, ol gelmedi. Ýene Altynjanyň ýanyna üýşüp geldiler. Bu mahal Altynjan özüniň kyrk adamy – çilteni bilen ýörişe ugrajak bolup durdy.

– Altynjan, sen kyrk atly bilen nirä barýarsyň? Eger halas etmek üçin gitmekçi bolýan bolsaň, onda bizem ýanyňa al. Olar size eýgertmez, çünki olar köplük – diýip, müňbaşy Ýyldyrym Sebzewar aýtdy.

– Togrul beg geler. Ol gelýänçä biz hiç iş edip bilmeris. Bize garaşmakdan başga alaç ýok.

– Siz nirä gitmekçi bolýarsyňyz?

– Meniň özüm hem anyk bir zat bilemok. Biz uzak eglenmän geleris.

Ýyldyrym Sebzewar elewredi:

– Altynjan hatyn, wagt ýitirmäli. Gaznalylaryň üstüne gideli, olary öldürip, öz adamlarymyzy halas edeli.

– Ýeri onsoň? Soltan Masudyň goşunynyň öňünde nädip durjak!

– Bize ýöwsellemek ýaraşýan däldir, Altynjan hatyn. Bu gün gaznalylar biziň bilen ylalaşyga gelmejekdiklerini, bizi ýok etmek isleýändiklerini açyk aýtdylar. Bize ölümimizi boýnumyza alyp, gaznalylaryň garşysyna çykmakdan, olary Horasandan kowup çykaryp, özbaşdaklyk gazanmakdan başga ýol ýok!

Adamlar ýerli-ýerden gygyryşdylar:

– Ýyldyrym müňbaşy hak aýdýar!

– Biz gaznalylary ýeňeris!

Ýyldyrym Sebzewar atlylara bakyp, «Meni diňläň» diýen terzde elini ýokary göterdi.

– Altynjan hatyn, maňa rugsat ber, men öz atlylarym bilen gaznalylaryň janlaryny jähenneme iberip, öz adamlarymyzy yzyna alyp geleýin.

– Altynjan hatyn, bize rugsat ber! – diýip, atlylar ýerli-ýerden gygyryşdylar.

Altynjan hatyn olara ýagşydan-ýamandan hiç zat aýtman, kyrk atlysy bilen Abywerde bakan ýola düşdi.

Adamlar Altynjany geleňsizlikde aýypladylar. Aslynda Altynjan geleňsiz däldi. Onuň içinde harasat gopýardy. Anuşirwanyň keşbi onuň göz öňünden aýrylmaýardy. Ol tä daňdana çenli daýysy Tümen bege beren wadasyny ýatlady: «Oglum, Anuşirwan, men seni Altynjana tabşyrýaryn. Altynjan özünem gorar, senem gorar, seni gowy adam edip ýetişdirer» diýipdi.

Altynjan bu gün daýysynyň ruhunyň öňünde beren wadasynda tapylyp bilmändigine ýanyp-bişýärdi.

Altynjan Togrul begi hatyralady, daňdana çenli garaşdy.

«Geler!» diýen inçe umyt bilen günortana çenli garaşdy.

Günortandan soň welin, Altynjanyň sabyr käsesi dökülip ugrady.

Ol ýola düşdi. Onda ikinji ýol ýokdy!

Altynjan gidip barýardy.
Garaňky düşdi.
Olar uzak gije ýörediler.
Gije birmahalky «Zamahşar gijesine» meňzeýärdi. Şol gyrgynçylygyň bolan nika gijesinde-de Aý şeýle aýdyňdy.
Asyl Altynjanyň aýgyt edip ata atlanmagy-da şol «Zamahşar gijesi» bilen baglanyşyklydy.
Şamälik özüniň dört müň adamy bilen Togrul begiň on müň haşamyndan rüstem çykypdy: serhoş bolup ýatan seljuklylaryň üstüne duýdansyz çozan Şamälik adamlary gyrmak gyrypdy. Altynjan Şamäligiň şol sabahun tilsimini ulanmak isleýärdi. Öten agşam onuň aňynda şu pikir peýda bolupdy. Ol bu gije aňynda peýda bolan öten agşamky pikiri amal etmekçidi.
Ol daňdan süýji ukuda ýatan gaznalylary duýdansyzlykda baryp öldürmekçidi.
Iň esasy zat – maksadyňa ýetmek!
Iň esasy zat – zamun alnanlary halas etmek, Anuşirwany, Nasyr begi, Ybraýym begi halas etmek!
Altynjanyň maksady düýn, bu gün ýol ýöräp, ýadan, süýji uka giden gaznaly bundarlary güpbasdy edip öldürmekdi. Ol Alla sygyndy. Mejbury bolansoň edýän häzirki işinde özüni goramagyny, goldamagyny Biribardan dileg etdi.
Olar daňdanlar bundarlaryň düşlän ýerine bardylar.
Altynjan atdan düşüp, kyrk çilteni daşyna egele edip, olara düşündiriş geçdi:
– Gaznalylar bilen başa-baş söweşmeli däl. Olary gapdalda durup, dowla salyp, ýaý bilen atyp öldürmeli, öz adamlarymyzy halas etmeli.
Altynjanyň isläni o diýen başa barmady: olar Şamäligiň adamlary deýin düşlege duýdansyz ýakynlaşmagy başarmadylar. Gaznaly mirşepler sak eken, olar gije-de bolsa, özlerine bakan bir topar adamyň ýakynlaşyp gelýändigini aňdylar. Ähli bundarlary ukudan oýaryp, söweşe taýýarladylar, ýöne söweş olaryň isleýşi ýaly bolmady. Nireden atylýany belli bolmadyk keýmir oklar olaryň depesinden ajal bolup indi.
Beýle gaýtawula garaşmadyk gaznalylar basga düşdüler. Näme etjeklerini bilmän elewreşdiler. Gaçmak üçin atlaryna bakan ugran bäş-on kişiniň çawyp gelen oka pida bolanyny gören bundarlar ýer bagyrtlap ýatdylar. Eginlerinden ak mytgal köýneklerini çykaryp, galgadyp, aman soradylar, ýöne olaryň ýekesine-de aman berilmedi, ählisini uçdantutma gyrdylar.
Altynjan aýaklary gandally adamlaryň arasyndan mähriban Anuşirwanyny agtaryp tapdy, derrew onuň aýagyndan gandalyny aýyrdy.
– Daýy, dirimisiň?
– Altynjan atly enesi bolan gerçek, heý, diri bolmazmy? Saňa döneýin, ene! – diýip, Anuşirwan Altynjany gujaklady. – Yzymdan hökman geljegiňe, halas etjegiňe ynanýardym.
Adamlar begenip biri-birini gujaklaýardylar, biri-birini gutlaýardylar.
– Ýaşasyn Togrul beg!
– Ýaşasyn Ybraýym beg!
– Ýaşasyn Altynjan!
Ysgynsyzlykdan, keselden ýaňa hazzar aýak üstünde duran Ybraýym beg minnetdarlyk bildirmek üçin Altynjanyň ýanyna geldi:
– Altynjan, gel, bir zady öňünden gepleşeli: bu eden işiň hakda eşitse, Togrul saňa ýowuz jeza berer. Onuň saňa jeza bermezligi üçin men Çagry beg bilen Togrul bege: «Bundarlary men öldürdim, adamlary men halas etdim» diýjekdirin. Sen Togrula: «Men öýden çykman oturdym» diý. Gepleşdikmi, Altynjan?!
Altynjan syrly ýylgyrdy:
– Gepleşdik.
Ybraýym beg ýagdaýynyň agyrdygyna seretmezden ýolbaşçylygy öz üstüne aldy: aýgytly hereket etdi: birnäçe adama bundarlaryň öten agşamky pudarlap goýan etlerinden owkat edinmek üçin çişlik taýýarlamagy buýurdy. Başga bir topar adama bolsa gaznaly bundarlaryň, gulamlaryň jesetlerini depin etmegi tabşyrdy. Depin edilmedik diňe bir adamyň jesedidi, ol hem sahyp Kubat ibn Kuwaldy.
Onuň maslygyny Nyşapura ugratmagy makul bildiler. Janlary ýanan adamlar sahybyň jesediniň wejera edilen görnüşde Abul-Fazl Sura ugradylmagyny teklip edýärdi, Altynjan sahybyň jesediniň nähili görnüşde iberilendigi bilen anyk gyzyklanmady. Onuň diňe bir bilýän zady bardy, ol hem sahybyň jesediniň Nyşapura ugradylmagy üçin ýedi sany atyň gerek bolanlygydy.
Seljuklylaryň bu ýerde naharlanmak üçin duraslary gelenokdy, her kim Nusaýa tizden-tiz dolanmak isleýärdi.

Nusaýda olary sust garşyladylar.

Garşy alanlaryň arasynda Togrul beg-de, Musa beg-de, Çagry beg-de, Gurt beg-de, Hasan beg-de, Ýakut beg-de bardy. Olaryň ýüzlerinden gar ýagýardy.

Altynjan göz astyndan Togrul begiň her bir hereketini synlaýardy.

Olar Ybraýym begiň üstüne gygyrmak gygyrdylar.

Altynjan olaryň ýanyna dähedem-dessem ýöräp bardy:

– Ybraýym Ynançda günä ýok, baryna men günäkär.

Seljuk begleri Altynjandan bu söze garaşmadyk bolarly, çünki bu söze olar gaty geňirgendiler. Togrul beg ilkinji gezek hatynyna gazap bilen seretdi.

Musa beg töwellaçylyk etdi,

– Boljak iş boldy! Puşeýmandan diňe zelel bar.

Musa beg karargähe tarap ýöräp ugrady.

Seljuk begleri onuň yzyna düşdi.

Iň soňunda Anuşirwan bilen Ybraýym beg gitdi.

Altynjan ýeke galdy. Ol gidenleriň yzyndan birki ädim ätdi-de saklandy. Soňam haremine göwünli-göwünsiz gadam urdy. Onuň nazary üýşüp duran kyrk ýigidinde, olaryň arasyndaky Ýyldyrym Sebzewar-da saklandy. Olar Altynjana sessiz duýgudaşlyk bildirip durdular.

Musa begiň yzyna düşüp karargähe barýan seljuk begleri durup, Altynjana geň galyp seretdiler.

## Üçünji hekaýat

## ÇYBYN ÇAKSA, PIL GORKAR

### Nusaý söweşi

Soltan Masuda seljuklylardan köp mukdarda salgyt, paç ýygnalandygyny, munuň garaşylan netijäni bermändigini, olaryň öňki seljuklylar däldigini – uly güýje öwrülendiklerini, Parawda, Nusaýda soltanatyň bundar toparlaryny öldürendiklerini habar berdiler.

Bu habary hyrçyny dişläp – gara gan edip diňlän soltan Masut özüniň seljuklylary Horasandan gaçyp gider ýaly etmek baradaky tilsiminiň başa barmandygyna biçak gaharlandy, öz bundarlaryny öldürendikleri üçin seljuklylary nädip jezalandyrmalydygy hakda ýörite geňeş geçirdi.

Geňeşe beýik hoja (wezir) Ahmet-i-Abd-as-Samat, resminamalar sahyby Bu Sahy Zuzani, hajyp Begdogdy, Bu Nasr Mişkan, Subaşy gatnaşdy. Geňeşde seljuklylaryň garşysyna uly goşun ibermek, olary derbi-dagyn etmek karar edildi. Soltan Masut goşuna ýolbaşçylyk etmegi iň ökde salarlaryň biri hajyp Begdogda tabşyrdy.

Begdogdynyň on bäş müňlük atly goşuny we köşgüň iki müň sany saýlama mufraty, jemi on ýedi müň atly goşun Meret aýynyň[1] başynda Nyşapurdan Nusaýa – Togrul begiň üstüne ugrady.

Goşun bilen kethuda [2] hökmünde hoja Hüseýin Aly Mykaýyl gitdi. Onuň ygtyýarynda köp mukdarda altyn-kümüş, her hili egin-eşik, top-top mata bardy. Hojanyň wezipesi goşunda gahrymançylyk görkezen mufraty, gulamy soltanyň adyndan sahylyk bilen sylaglamakdy. Hoja Hüseýin Aly Mykaýyl goşunyň arasynda bolup, gulamlara soltanyň bu ýörişe aýratyn ähmiýet berýändigini, söweşde tapawutlananlary sylaglamagy özüne tabşyrandygyny öwran-öwran nygtaýardy, mufratlaryň, gulamlaryň söweşe, ýeňşe bolan höweslerini artdyrmaga çalyşýardy.

* * *

Salar Begdogdynyň on ýedi müň gulamly goşun bilen gelýändigini, häzir haýsy ýerdedigini seljuk beglerine birsyhly habar berip durdular.

Togrul begde bary-ýogy üç müň atly bardy. Üç müň atly bilen on ýedi müň atlynyň garşysyna çykmak hatarlydy, howpludy. Durmuş olary çuň oýlanmaga, ýagdaýdan düýpli çykalgalary tapmaga mejbur edýärdi. Soltana hoşamaý sözlerden dolduryp nama gönderenlerinde seljuklylarda ýeke-täk bir maksat bardy. Ol hem bu ýakyn döwürde soltan bilenem, başga bir topar bilenem söweşe girmezlikdi.

Isleg isleg bolýar, islegiň paşmasa, başga çykalga tapmaly bolarsyň-da!
Näme etmeli?
Gaçmag-a çykalga däl, çünki düýä müneniňden soň hataba bukulyp bolmaýar.
Diýmek, darkaş gurmaly.
Özem darkaşda ýeňmeli!
Ikinji ýol ýok!

* * *

Bagdat halyfy [3] al-Kaýym Biýemryllah (1031–1071 ý.) kynyk beglerine öz ilçisini iberdi, olara uly üstünlikler, rowaçlyklar dileg etdi. «Eger hamdu-sena, sagadatlyk, döwletlilik isleýän bolsaňyz, meniň wesýetlerimi hem talaplarymy berk berjaý etmelisiňiz» diýip. Halyf, ilkinji nobatda, halyfata hüşür-zekat, ondan hem daşgary her aýda köp mukdarda altyn-kümüş ugradyp durmaklaryny talap edýärdi. Şeýle hem her bir ätmek isleýän ädimleri hakda halyfaty habardar saklamagy, halyfatyň görkezmelerinden çykmazlygy talap edýärdi, halyfatyň talaplarynyň amal edilmedik ýagdaýynda Hudaýtagalanyň seljuklylardan ýüz öwürjekdigini, häzirki ýeten derejelerini diňe halyfatyň ýalkawy hem ýardamy bilen amal tapandygyny tekrarlaýardy.
Seljuklylar halyfyň ilçisine, adamlaryna öz aralaryndan orun-ojak berdiler. Olara her bir işlerinde, her bir tutumlarynda geňeş saldylar.
Ilçiniň ýigrimiden gowrak ýardamçysy bardy. Ýardamçylaryň ählisi ýetişiksiz gündediler. Sebäbi her gün diýen ýaly Bagdada çapar gidýärdi. Çaparlaryň günde iki gezek – ir ertir biriniň, namazşamdan soň hem ýene biriniň ugraýan wagtlary-da bolýardy. Aýda bir gezek Bagdada kerwen ugradylýardy. Onda kynyk begleriniň halypaga hem onuň ýakyn adamlaryna ýörite hedýe-engamlary gönderilýärdi.
Kynyk ýigitleri halypa, halypanyň ilçisine sygynýardylar, olaryň göwünlerinden turmaga çalyşýardylar, her bir işi, her bir ýörişi halypanyň ilçisiniň ak patasy bilen başlaýardylar.
Ilçiniň patasy bilen başlanan tutum, ýöriş, köplenç, oňuna bolýardy.
Çagrydyr Togrul halyfyň ilçisine aýratyn sarpa goýýardylar. Çünki ilçi olaryň hoşuna gelýän sözleri aýdýardy, olar: «Siziň ikiňizem Allatagalanyň nazar salan bendeleri. Siziň arkaňyzda mömünler emini Kaýym halypanyň Allatagala mynajatlary birle beýik Allatagala dur. Nesip bolsa, Beýik Allatagalanyň şerefi birle siz bir kuwwatly döwletiň ýolbaşçysy bolarsyňyz. Biriňiz Basyl şalygyny basyp alyp, ol ýerde öz şalygyňyzy ýöretseňiz, ikinjiňiz Oguz ýurduna [4] soltan bolarsyňyz. Siz köp-köp kapyrlary musulman edip ýalkanarsyňyz» diýýärdi. Bu sözler iki dogana ganat berýärdi. Olar ilçiniň sözlerini diňlemekden ýadamaýardylar. Allatagalanyň özlerine biçak üýtgeşik ýazgyt berendigi üçin olar çäksiz hoşnutdylar. Bäş rekat namazyny yhlas bilen okaýardylar. Allatagala hoş geljek işleri köpräk bitirmäge çalyşýardylar.

* * *

Deň bolmadyk söweşde diňe harby tilsim bilen ýeňip bolýar.
Tilsim ulanmaly!
Seljuklylar ulanjak harby tilsimlerini ýedi ölçäp bir kesdiler. Anyk bir pikirde, anyk bir tilsimde durdular.
Ulanylmaly tilsim gaty aýdyňdy: üç müň esgeri iki topara bölmeli. Birinji topar Begdogdyny garşylamaly we onuň bilen darkaş gurmaly. Ikinji topar bolsa baýlyk bilen soltan gulamlarynyň gözlerini güýdüşdirmeli: arabalarda her hili gymmatbaha zatlary goýup, gaçan bolmaly. Goý, Begdogdy: «Seljuklylar baýlyklaryny çöle alyp barýan ekenler. Olar bar baýlyklaryny alyp gaçmaga ýetişmändirler, biz wagtynda olaryň üstünden gelipdiris» diýip, pikir etsin.
Soltanyň goşuny «ýeňiş» gazanyp Nyşapura ugrar, şonda iki topar birleşip, esasy söweşe başlamaly: Nyşapura barýança kä o tarapyndan, kä bu tarapyndan duýdansyz hüjüm ede-ede on ýedi müňlük goşunyň aňkasyny aşyryp, huguny çykaryp, soňuna çykmaly, olardaky ähli baýlygy almaly. Gaznalylar Nyşapura barýança bir hepde wagt gerek, şol bir hepdede seljuk begleri hem syrtlan bolmaly, hem gurt [5] bolmaly.
Seljuklylar, ine, şu tilsimi makul tapyp gaznalylaryň garşysyna çykdylar.

* * *

Salar Begdogdy Nusaýa gazap donuny geýip, şöhrat atyna atlanyp geldi.

Nusaý galasynyň gündogarynda atlylaryny täzeden gözden geçirdi. Soňam gala ilçi ugratdy:

– Galadan ýeke-ýekeden çykyň! Ýaraglaryňyzy galanyň derwezesiniň sol tarapyna taşlap, meniň ýanyma gelip, günäňizi boýun alyň, ýogsam ähliňizi uçdantutma gyraryn!

Ilçi gelip, galada dardan başaşak asylan bir gaznaly bunbaryndan başga hiç kimsäniň ýokdugyny habar berdi.

– Çaga-çugalaram, garry-gurtularam ýokmy?

– Yns-jyns ýok. – Ilçi şu sözi aýdyp gutaryp-gutarmanka goşunyň gündogar tarapyndan wagşyýana gykylyklar eşidildi:

– Seljuklylar!..

– Seljuklylar çozdy!

Başagaýlyk başlandy.

Gaznalylaryň ep-esli gulamy gaçdy, saý haşam goşun sö-weşe girdi.

Ir ertirden başlanan söweş günortana çenli dowam etdi.

Seljuklylardan köp adam pida boldy.

Galan iki ýüz-üç ýüz töweregi seljukly bolsa, Oguz çölüne sary gaçyp gitdi.

Salar gaçyp giden seljuklylaryň yzyndan kowgy ugratdy, seljuklylaryň ýekesinem diri galdyrman, uçdantutma gyrmagy berkden-berk tabşyrdy.

Kowup barýan soltan gulamlary köp mukdardaky baýlygyň üstünden bardylar.

Arabalara mas ýüklenen baýlyklar gaty kändi.

– Seljuklylar bu baýlyklary gizlemek isläpdirler, ýöne çöle äkidip ýetişmändirler. Biz wagtynda gelipdiris – diýip, salar çak urdy.

Bu pikiri salaryň ýanyndaky ähli kişi makullady.

Ähli baýlyklary jemlän gaznalylar ýeňiş sazyny çaldylar, soltan Masut Gaznala fethnama ýolladylar, soňam dabara bilen ýola düşdüler, ýöne uzak gitmän saklandylar.

Ilki bilen-ä, ýeňşiň gazanylandygy mynasybetli soltan Masudyň gymmatbaha sowgatlaryny, iň esasy-da, seljuklylardan olja alnan baýlyklary goşunyň arasynda paýlaşmaly, soňam ýeňiş toýuny toýlamaly.

Soltan Masut Gaznaly: «Maňa hums paýy [6] gerek däl, ähli oljany gulamlaryň arasynda paýlaşyň» diýipdi.

Hoja Hüseýin Aly Mykaýyl-da, salar Begdogdy-da açgözlükden, gysgançlykdan daşda durup, gulamlara eçilmek eçildiler: uzynly günüň dowamynda on ýedi müň gulama dabaraly ýagdaýda olja hem soltan sowgatlaryny paýladylar.

Her gulama dünýäniň baýlygy ýetdi.

Beýle baýlyk öň olara ýeke gezegem miýesser etmändi.

Hoja Hüseýin Aly Mykaýyl bilen salar Begdogdy oljalary, soltan sowgatlaryny paýlap bolanlaryndan soň nutuk sözlediler. Olar gulamlara soltan Masudyň adyndan çäksiz minnetdarlyk bildirdiler hemem bu gün soltanyň adyndan gulamlara toý berilýändigini aýtdylar.

Toý toýlandy.

Baýlykda jady bar. Ol adamy dälilik hetdine ýetirip bilýär. «Gyzyl görse, Hydyr azar» diýilýär. Elbetde, on ýedi müň gulamyň içinde Hydyry ýok, olar gyzyly, baýlygy görüp azmak azdylar. Ine, soltanyň adamlaram ummasyz oljanyň, baýlygyň üstünde öz aralarynda oňuşman, ýakalaşyp, ýumruklaşyp, biri-birini öldürip, baýlygyny alyp ugradylar.

* * *

Begdogdynyň goşunynyň Nyşapurdan Nusaýa ugranyna iki hepde geçip-geçmänkä soltan Masuda salar Begdogdudan çapar geldi:

– Seljuklylar derbi-dagyn edildi! Siziň goşunyňyz görlüp-eşidilmedik ýeňiş gazandy!

Bu hoş habara gününi sanap garaşan soltan begendi. Haýdan-haý wezir-wekillerini, atly-abraýly adamlary çagyryp, ýeňiş toýuny toýlady. Toýda soltan uly nutuk sözledi. Hajyp Begdogdynyň harby ussatlygyny wasp etdi. Şahyrlar onuň şanyna goşgy düzdüler.

* * *

Nasyr beg birinji toparyň ýolbaşçysydy. Ol diýseň başarjaň, ugurtapyjy, mert, daýaw serkerdedi, gaznalylardan öçlüdi, çünki ol kakasy üçin ar algylydy.

Nasyr beg seljuklylaryň görnükli begi Muhsin bin Tagyň ogludy. 1006-njy ýylda soltan Mahmyt Gaznaly Sarahsyň ýolunda Muhsin bin Tagy [7] öldürende ogly Nasyr ýedi-sekiz ýaşlaryndaky oglandy. Nasyr şol günden bäri gaznalylar bilen garpyşmak, kakasynyň aryny almak maksady bilen ýaşaýardy.

Egindeşleriniň köpüsi onuň gözsüz batyrlygyndan heder edýärdiler. Çagry beg onuň birinji topara serkerdelik etmegine garşy-da çykypdy. Ol:

– Goý, Nasyr ikinji topara serkerdelik etsin – diýipdi.

Nasyr beg ylalaşmandy, dyzmaçlyk edipdi. Şonda, onuň göwnüne degmezlik maksady bilen birinji topara ýolbaşçylyk etmegine razy bolupdylar.

Nasyr begiň ygtyýarynda müň sany atly bardy. Onuň wezipesi gaç-kow söweş tilsimi boýunça hereket etmekdi: garaşylman durka gaznalylaryň arka tarapyndan gelip, darkaşyp, biraz dowul döredeninden soň gaçmakdy we gaznalylary çöl etekde öňünden taýýar edilip goýlan harwar-harwar baýlyklaryň üstünden eltmekdi.

Ençe ýyllap kakasynyň aryny almagy ýüreginde besläp ýören Nasyr beg dowul döredip gaçmagy ýadyndan çykardy. «Öldüriň! Baryny öldüriň!» diýip, ol duşman leşgeriniň barha jümmüşine girdi.

Netijede, özi-de öldi, ýanyndaky müň atlynyň ýedi ýüzden gowragynyň-da ölümine sebäp boldy. Galan atlylar gaçan bolup, öz öňlerinde goýlan wezipäni amal etdiler.

Nasyr begiň wepaty seljuklylara çökder agyr urgy boldy. Olary galanyň demirgazyk tarapyndaky mazarlykda depin etdiler. Seljuklylar diňe bir öz wepat bolanlaryny däl, eýsem gaznaly gulamlardan wepat bolan iki müň gulamyň jesedini-de jaýladylar.

Merhum jaýlamak däp-dessuryny amal edip, aýat-doga okanlaryndan soň, seljuk beglerine salar Begdogdynyň goşunynyň ýagdaýy hakda habar geldi.

– Gaznalylar başda ýeňiş toýuny toýladylar, indem oljalaryny paýlaşyp bilmän, biri-birini öldürýärler. Megerem, namazşama çenli olar biri-birini öldürip gutarsalar gerek.

Bu habary serinde aýlan Çagry beg Musa beg bilen Togrul bege ýüzlendi:

– Olaryň soňuna çykmagymyz üçin Hudaý bize gowy mümkinçilik döredip berýär: olary Nyşapura çenli kowalap, talap gitmek endişesinden halas edýär. Biz hut şu gün olaryň soňuna çykarys!

– Hüjüm etmeli pursadymyz geldi. Hudaýtagala biziň işimizi ýeňilleşdirdi – diýip, Ybraýym galkyjaklady.

– Biz olary gyran-jyran ederis! – diýip, Togrul beg Ybraýymy goldady.

– Bu babatda Sowmagydan sorap göreliň!

Oturanlar Hasanyň bu pikirini makul bildiler, derrew bilgiji tapyp getirdiler, oňa gaznaly goşunynyň ýagdaýyny, öz maksatlaryny düşündirdiler.

Sowmagy Asmana seredip uzak oturdy. Oturanlar garaşmakdan ýaňa, bez boldular. Sowmagy ahyryl-ahyr ýerinden turdy.

– Bu gün jahana Müşderi ýyldyzy gözegçilik edýär. Müşderi ýyldyzy – ýeňiş ýyldyzy. Merhemetli Çagry beg, merhemetli Togrul beg, siziň ikiňiz hem sahypkyranlar. Siziň ikiňizem bu ýyldyzyň aşagynda doglanlar…

– Sen bize anyk jogap ber, biz çozsak, ýeňerismi? – diýip, Çagry beg Sowmagynyň ýanyna bardy.

– Siziň ýyldyzlaryňyz...

– Dur, dur, maňa anyk jogap ber. Biz häzir gaznalylaryň üstüne çozuş etsek, ýeňerismi ýa ýeňlerismi? Gaznalylar bizden san taýdan bäş esseden-de köp.

– Ýyldyzlaryň berýän alamatlaryna görä, ýeňiş sahypkyranyňky!

– Maňa, ine, şu sözüň lazym.

– Allatagalaga ýüz tutalyň, ondan ýeňiş diläliň! – diýip, Togrul beg ýanyndakylara ýüzlendi.

Bu pikiri ähli seljuklylar makul bildiler.

Togrul beg dagdan gelýän çaýyň kenarynda taýlesanyny öňüne namazlyk edinip, ikidyz oturdy. Seljuklylar Togrul begiň yzyndan hatara düzüldiler.

– Eý, Beýik Biribar! Size alkyşlar we hamd-senalar bolsun! Biz – Seljuk ibn Dukakyň neberesidiris. Bize ýaşamak mertebesini berendigiňiz üçin çäksiz hurgantdyrys. Gurhanda: «Eger minnetdarlyk bildirseňiz, men size eçilerin» diýen, «Derejeleri boýunça birlerini beýlekilerden belende göterdik» diýen parasatlaryňyzyň amalyny bize eçilen, rowa bilen takdyrlaryňyzda görýäris. Siz bize mydama göterip biljek ýüklerimizi ýüklediňiz [8]. Eý, Perwerdigär! Biz size sadykatdyrys, ýüreklerimiz diňe: «Alla, Alla!» diýip urýandyr. Biz diňe siziň hoşuňyza geljek sogap işleri köp bitirmäge çalşyp ýaşaýarys. Bizi mundan beýlägem öz penaňda aman hem mertebede saklamagyňy soraýarys. Bize gaznaly soltan Masut köp-köp jebir-sütemler etdi. Ol siziň ajaýyp dünýäňizde rahat, hözirli dünýäňizde ýaşamaga mümkinçilik bermeýär,

bize agyr salgytlar salýar. Biziň köp adamlarymyzy öldürdi. Biz ýeňşiň siziňkidigine magat düşünýäris we sizden häzirki başlamakçy bolýan darkaşymyzda ýeňşe ýar etmegiňizi uzur soraýarys!

* * *

Togrul beg her gezekdäki ýaly, bu gezegem goşunyň öňüni çekdi. Söwer gyr atyny debsiläp, çirkin-çirkin gykylyklap, ýataganyny bulaýlap, gaznaly gulamlary parçalap ugrady. Onda asyl gorky-ürki ýokdy, başa-baş söweşe biçak rüstemdi. Özem onuň ýadamasy-ýaltanmasy ýokdy, ýadandygyny ol köplenç darkaşdan soň duýýardy. Söweş wagty göhi gelýärdi. Onuň batyrgaýlyk bilen wagşyýana söweşişini görüp, duşmanyň haýýaty göçýärdi, elden-aýakdan galyp, aňsatja pida bolýardylar. Togrul begiň göwresi-de uludy. Garşydaşy bu äpet uly göwreli kişi bilen oýnunyň deň gelmejekdigine oňa gözi kaklyşan dessine akyl ýetirýärdi.

Bu gezek söweşe ähli seljuk begleri girdi.

Jylawdar goşunyň salary Çagry begdi.

Sag ganatda Togrul beg, sol ganatda Musa beg ogullary Hasan hem Ýakut bilen durýardy.

Altynjan bilen Anuşirwan ýiglewük bölüme serkerdelik etdi.

Bu söweş Altynjan hatynyň gatnaşýan ilkinji uly söweşidi. Ol gazaply, rehimsiz söweşdi. Onuň söweşe gatnaşmagyna Togrul beg başda razy bolmandy. Şonda ol özüniň ýöne-möne söweşiji däldigini bege ýatlatmaly bolupdy. Wah, Togrul beg Altynjanyň söweşmäge ussatdygyny bilmesine bilýärdi, ýöne ony söweşe salman, goramakçy bolýardy.

– Ýiglewük bölümde söweşersiň – diýip, beg göwünli-göwünsiz razylyk berdi.

Altynjan söweşde bölümiň bölümden tapawudy ýokdur öýdüpdi, görüp otursa, bar eken. Ýiglewük bölümiň ikinji ady ökje eken. Bu bölümiň esasy işi serkerdäni hemem tugy yzdan howpsuzlandyrmak eken. Mundan-da başga duşmanyň esgerleriniň söweşde ileri-gaýrany tanaman söweş meýdanyndan ökje ogurlap ugranda öňünden çykyp paýhynlamak eken.

Nusaý söweşinde hem ýiglewük bölümiň esgerleriniň işi ýeterlik boldy. Olar gaçyp gelýän gaznalylaryň öňünden çykyp, ýeke-ýekeden paýhynladylar. Bu söweşde Altynjanyň göhi geldi. Şeýle bir çalasynlyk bilen ýataganyny işletdi, gaty köp gaznalyny pürreledi.

* * *

Soltan gulamlary nämä garaşsalar-da öz üstlerine çozulmagyna garaşmandylar. Olar bu mahal ýazylyp-ýaýrap ýeňiş toýuny toýlaýardylar ahyryn!

Hana, birtopar gyr atly bolsa, toý toýlap, aýdym aýdyp, çişlik iýip oturan gulamlaryň kellelerini eginlerinden pyzlandyryp düşürip ýör!

– Bu nädogry. Häzir hiç bir gaznalynyň ynjalygyny bozmaly däl, azar bermäň! – diýip, dünýäden bihabar, badyhowa gulamlar nägilelik bildirdiler.

Mes gaznalylaryň nägileligine ähmiýet beren bolmady.

Görlüp oturylsa, ýagdaý erbet eken, nägile bolanyň bilen üýtgejek zat ýok eken!

Gözleriniň görýän zatlaryna ýeke gaznalynyň hem eger-eger ynanasy gelmedi, ýöne islemeýän zatlaryna ynanmaly boldular.

On ýedi müň gulam basga düşdi.

Näme etjeklerini bilmän iki ýana elewräp ugradylar.

Baýlyk süýji, olja has süýji. Baýlykdan-da, oljadan-da jan süýji, janlarynyň didiwana münendigini aňan gaznalylar oljadan-beýlekiden ellebizar geçip, ýeriň pesi bilen zyk gaçdylar.

Seljuk ýigitleri aýak ýalaň, baş açyk gaçyp barýan soltan gulamlarynyň yzyndan ýetip gyrmak gyrdylar.

Begdogdy başarjaň, ugurtapyjy serkerdedi, ýöne onuň bir asgyn tarapy bardy. Ol hem edil Subaşy atly egindeşi ýaly, şerap içip mes bolmagy gowy görýänligidi, däli-diwana bolýanlygydy. Şerap-meý içenden soň ol hakyt başga Begdogda öwrülýärdi. Onuň gözüne owadan hüýr-melekler görünýärdi [9]. Onsoň şol hüýr-melekler bilen kowalaşmaga, hemsöhbet bolmaga başlaýardy.

Uly ýeňiş gazanan Begdogdy Nusaýda içdi meýi, içdi meýi. Gyzyl däli, muhammar boldy. Onsoň: «Hana, bir owadan peri bar!» diýip, öz gulamlarynyň yzyndan kowalap, olary tutup, bagryna oýkap, hyjuwyny gandyrmaga başlady. Gulam görgüliler oňa ýok diýip bilenokdylar.

Seljuklylary görende Begdogdy walalaýlap gygyrdy:

– Görüň-ä, görüň-ä, owadan periler geldi. Ählisini maňa getirip beriň! Olaryň ählijesi meniňki!

Salaryň çawuşlary ony alyp gaçjak bolýardylar, Begdogdy welin, çawuşlary depip-dişläp, olaryň elinden sypjak, «üýşüp gelen perileriň» – seljuklylaryň öňünden gujak açyp çykjak bolup dyzaýardy.

Herhal, çawuşlar salaryň ähli sütemine, patanaklamasyna, çem gelen ýerlerine urmasyna garamazdan ony gyrgynçylygyň içinden alyp çykmagy başardylar.

Kethuda hoja Hüseýin Aly Mykaýyl welin, ýesir düşdi. Kethudanyň wezipesi söweşde ýeňiş gazananlara heýde-baýrak gowşurmakdy. Bir tarapdan seredeniňde, hoja wezipesini ýerine ýetirdi: ýeňşi seljuk begleri gazandy. Şonuň üçin soltanyň sahylygy seljuk beglerine nesip etdi.

Begdogdy şol günüň ertesi özüne geldi. Bolan wakalar hakda eşidip ynanmady. Birki günläp tükge düşüp ýatdy. Soňam Gazna sary ýola düşdi. Gaznada şindem toý-baýram dowam edýärdi.

– Ýeňildik! On ýedi müň atly goşunymyz gyryldy. Ähli zatlarymyzy seljuklylar olja aldylar. Sanalgyja adam bilen men hazzar gaçyp gutuldym.

Soltan gözüniň görýän zadyna, gulagynyň eşidýän sözlerine hiç ynanyp bilmedi, ynanasy hem gelmedi.

Ol görýän zatlaryna müňkür gelip, gözlerini ýumdy. Berk ýumdy. Onuň bolşy indi gözlerini açsa, hälki eşiden habarlary owalbaşky eşiden şatlykly habarlaryna öwrüläýjek ýalydy.

Haýp, öwrülmedi!

Nusaýyň etegindäki bolan zatlara salar Begdogdynyň özem şindem teý ynanyp bilenokdy. Ol gazanan ýeňşine biçak ynanypdy, begenipdi, biçak ruhlanypdy. Ýeňlen atlylardan özge atly bu jelegaýda başga bardyr öýdüp, ol eger-eger pikirem etmändi. Onuň gyran seljugy juda kändi ahyryn! Oňa: «Ähli seljukly gyryldy, tohumlyk galmady» diýdiler ahyryn! Ýedi ýüz maslygy hut onuň özi ýeke-ýeke sanady ahyryn!

Begdogdynyň ömri söweş meýdanlarynda geçdi. Şol söweşlerde ýeňen gezeklerem az bolmandy, ýeňlen gezeklerem. Şol söweşlerde her hili tilsimler ulanylypdy, ýöne beýle ahwalata ol ýeke gezegem gabat gelmändi, eşitmändi hem!..

* * *

Bu ýeňiş Togrul beg bilen Çagry begiň ilkinji uly ýeňşidi.

Bu tilsim iki doganyň ilkinji harby tilsimidi.

Ele salnan oljalar uly bir oýtakda ýaýylyp ýatyrdy. Olary bir-iki günde tükelläbem tükeder ýaly däldi. Soltan Masudyň söweşde ýeňiş gazananlara bermek üçin niýetläp ugradan halta-halta altyn dinarlary, gymmatbaha harytlary göreniň akylyny haýran edýärdi.

Bu baýlyklary görüp halyfyň ilçisi Nejah-as-Fazlyň tüýsi hakyt üýtgedi:

– Bir zada-da el degirmäň! Bir zada-da el degirmäň! Bu baýlyklar merhemetli halypanyň Perwerdigärden eden dilegleri bilen amal tapdy. Bu baýlyklar Perwerdigäriňki. «Ýeňiş diňe Allanyňkydyr».[10] Ilki bilen, bu baýlyklary Bagdada ugratmaly. Goý, bu baýlyklaryň näçesiniň size, aýratyn hem Musa bege, Togrul bege, Çagry bege degişli hums paýyny, esgerleriň paýlaryny kesgitläp bersin. Bu baýlyklardan her bir esgere ýetjekdigine men ynanýaryn. Ýöne sabyrly boluň. «Alla sabyr edýänler bilen mydama biledir». [11] Allatagalanyň ýalkawy bolmasa, on ýedi saý haşamy üç müň esgeriň ýeňmejekdigi köre hasadyr, ýöne Allatagala islese, mümkin däl zatlary-da mümkin edýändir – diýip, pikirini çalt aýtmasa, bar baýlyk alnyp gidiläýjek ýaly, gözlerini petredip, agzyndan köpük syçradyp, çalt-çalt gürledi.

–Çaşyp ýatan ähli baýlyklary arabalara derhal ýükläň. Ýekejesinem aljak bolaýmaň.

Nejah-as-Fazlyň bu hokgasyna ähli esgerler ör-gökden geldi.

– Eý, munuň nämeler samraýandygyny gulagy beri eşidýärmikä? Munuň-a baýlyk görerligi ýok eken. Geplemäge ýaltanyp ýören bedibagtyň sarnaýşyna bir serediň-ä!

– Ybraýym, Nejas-as-Fazl dogry aýdýar. Allatagalanyň ýalkawy bolmadyk bolsa, üç müň esger on ýedi müň gulamy beýle aňsat ýeňmezdi. «Ýeňiş diňe Allanyňkydyr». Goý, halypanyň näme edesi gelse, şony etsin – diýip, Togrul beg Ybraýymy köşeşdirmäge çalyşdy.

– Ýekeje zadam gozgaman, ähli emlägi şu gün Bagdada ugratmaly – diýip, Nejas-as-Fazl ariziň [12] üstüne gygyrdy, onuň elindäki zatlary kakyp aldy.

– Meniň oglanlarym – saýlama atlylarym halypanyň ilçisini dört-bäş günlük «ogurlap» guma äkidäýsinler? Oňa çenli oljalary paýlaşyp, ýerbe-ýer edip ýetişeris? – diýip, Ybraýym Togrul bege ýüzlendi.

– Allatagala-ha saňa jahan şalygyny uzadýar, senem müň araba baýlygyň gürrüňini edýärsiň! – diýip, Togrul beg Ybraýymy oňlamady.

Hasan beg beglere ýüzlendi:

– Bu söweşde dört-bäş Rüstem Zallyk güýçli bir söweşijini görüp aňkarylyp galypdyryn. Aňkarylyp durkam tas kellämi pyzlandyrypdylar...

Hasan beg gürrüňiň haýsy söweşiji hakda gidýändigini soramaklaryna garaşyp, sözüne dyngy berdi. Togrul beg gürrüňiň kim hakda gidýändigini bada-bat aňyp ýylgyrjaklady.

– O Rüstem Zalyň kimdigini näme üçin aýtmaýarsyň? – diýip, Çagry beg gyzyklandy.

– Kim bolar öýdýärsiňiz, Altynjan melike ol. Eý, Hudaý, garşydaş bolup öňünden çykar ýaly däl onuň. Togrul, öňünden çykan bolsaň, seniňem kelläňi pyzlandyryp goýbererdi ol. Eý, ol säginmän, öňünden çykany ýeke kakuwynda tükgerdip göni gidip barýar. Boýnuma alaýyn, men sag ganatda söweşen-de bolsam, Altynjan melikeçe gaznalyny pürrelemändigimi bilýärin. Ýiglewük bölümi öň darkaşlarda oňly iş etmezdi, ýöne şu gezeg-ä bu bölüm ylgary bölümdenem, sag ganatdanam köp iş bitirdi.

– Togrul bege mynasyp hatyn! – diýip, Musa beg buýsançly aýtdy. – Goý, ýeňişlerimiz köp bolsun!

– Hany Altynjan?! – diýip, Togrul beg töweregine garanjaklady.

Altynjan bu mahal Anuşirwanyň ýanyndady. Lukmanlar ýaş ýigidiň üç ýerinden düşen ýeňil ýara em edýärdiler.

– Oglum, juda agyrýarmy? – diýip, Altynjan odanýardy.

– Käbäm, maňa hiç döwem çalmaz, nesip bolsa, ömri-deraz ýaşarys – diýip, Anuşirwan ýylgyrjaklady.

– Agzyňdan Hudaý eşitsin.

– Altyn gyz!..

Bu sese Altynjan tisginip gitdi:

– Men bärde – diýip, ol syçrap ýerinden galdy.

– Sag-amanmyň?!

– Sag, begim, sag!

– Görünmediň, ýüregim ýaryldy.

– Men sizi synlap, görüp otyryn.

– Anuşirwan, sen nähili?

– Birki sany gyltyz ýara düşdi, gorkuly zat ýok – diýip, Anuşirwan merdemsi jogap berdi.

– Hany, ýörüň onda, bitiren işlerimizi ýene bir gezek gözden geçireliň. Biz bu gün gaty uly iş bitirdik. Çybyn bolup, pili çakdyk, gorkuzdyk: soltanyň ýüregine gorky-wehim saldyk. Ine, biziň ikinji uly ýeňşimiz şu!

– Şirler-babyrlar diňe garynjalardan ýeňilýärler, gaçýarlar. Nesip bolsa gaznalylary bu ýerden hemişelik gaçyp gider ýaly ederis.

– Şeýle bolsun hernä, Anuşirwan jan – diýip, Togrul beg hoşter seretdi.

## Dördünji hekaýat

## UMYT BAR ÝERINDE – BAGT BAR

### 1.

Togrul beg Ýazyr galasynda [1] emirlik edýän Hasanyň myhmany boldy.

Hasan seljuk begleriniň hiç haýsyna meňzemeýän dünýewi bir ýigitdi, söweşmegi, teshyr etmegi halamaýardy. Ol ylym adamydy, okumyşdy. Ýedi dil bilýärdi. Ýatkeşdi. Köp-köp akyldarlaryň hadyslaryny, pähim-parasatlaryny, köp-köp şahyrlaryň goşgy-gazallaryny ýatdan bilýärdi.

Haýsy ýerde meýlis-oturylyşlyk bolsa, oňa hökman Hasan çagyrylýardy. Ol baran ýerini alaýaz etmegi başarýardy. Joşup-joşup şygyr okaýardy. Eline haýsy saz guralyny alsa, oňa dil bitirýärdi. Ol asyl şadyýanlyk, aýdym-saz, suhangöýlük üçin dörän ýalydy. Eline ýatagan alyp söweşmegi welin, asla halamazdy.

Hasan Ýazyrda häkim-de bolsa, garyp ýaşaýan eken. Ol Togrul beg gelende zyýapaty uludan ýapyp bilmedi. Nädip zyýapaty uludan ýapsyn! Ol el serip gelen her gedaýa saçagyndaky iň soňky kesemen tötegini berip goýberýär. Ýüreginiň ýukadygyny eşiden mähelle bolsa, çar ýandan Hasanyň dergähine gelýärdi. Ol bolsa, her gün ençe gazan ataryp, sadaka berýärdi.

Togrul beg bu ýere Musa ýabgunyň towakgasy bilen gelipdi. Ol Hasana töwella-tagsyr etmekçidi, Ýazyry hem Dehistany dolandyrmak işine ýardam bermekçidi. Elbetde, Hasan ýeke däldi, onuň ýanynda inisi Ýakut-da bardy.

Ýakut ot ýalydy, hajyrawdy, işine çulumdy. Ýaňy on bir ýaşynda bolsa-da, islendik ülkä häkimlik etmegi başarjakdy. Özem ol Anadoly sebitlerine gitmek, ol ýerlerini teshyr etmek isleýärdi. Onda gorky-ürki diýen zat ýokdy. Paýhaslydy. Hakyky serkerdedi, Ýakut Hasanyň tarhandökerliginden juda nägiledi.

Togrul beg iki dogany bir ýerde saklamagyň biri-biri üçin zulumdygyna düşündi. Şonuň üçinem Ýakuty öz ýanyna aldy.

**2.**

Beg hareme girende aňynda müň bir pikiri bolýardy. Onuň şol pikirleri aňyndan belli bir derejede aýyrmagy, rahatlanmagy üçin biraz wagt gerekdi. Hut şonuň üçin Altynjan bege aýtmak isleýän sözlerini aýtmaga hiç mahal howlukmaýardy, adamsynyň rahatlanaryna – henek ataryna garaşardy. Çünki Togrul begiň henek atmagy rahatlanandygyny aňladýardy. Şondan soň ol Altynjanyň her bir sözüni ýürekden diňleýärdi, ýürekden jogap berýärdi.

Togrul beg ýatmazyndan öňürti günüň dowamynda bolup geçen wakalary aňynda pikir eleginden geçirýärdi, bu onuň ýaşlyk endigidi, bu endigi ömrüniň ahyryna çenli dowam edipdi. Özüniň oýlanmalaryna Altynjanyň goşulmagyny isleýän hem islemeýän pursatlary bolýardy. Bu gün Altynjanyň adamsyna ýetirmeli, aýtmaly örän möhüm habary bardy. Başga bir ýagdaý bolanda ol birki gün garaşsa-da garaşardy, ýöne bu habary welin, tizden tiz bege ýetirmek isleýärdi.

Altynjan Paraw şäherindäki Parawbibi atly tebip gyz bilen tanyşdy, onuň tebipligine biçak syny oturdy, göwni ýetdi. Ikisiniň jyny-da alyşdy. Birki günüň içinde hakyt köne razdana öwrüldi, olar. Altynjan tebipden adamsynyň saglygyny – näme keseliniň barlygyny anyklap bermegini sorady. Tebip ylalaşdy. Indiki wezipe tebip bilen begi duşurmakdy, ýöne Togrul beg ertirden agşama çenli işlidi, boş wagty ýokdy onuň.

Altynjan bege agşam saglygyny barlatmak hakda aýtmakçydy, haýp, bolmady, şol gije Hasan uly meýlis gurady, gijä-niň ýaryna çenli aýdym aýdyp, saz çaldylar, soňam her kim oturan-oturan ýerinde uklady.

Togrul beg geçen gije haremine gelmekçidi, geljekdigini Altynjana ýaňzydypdy hem. Ýöne namazşam galaga Musa ýabgu geldi.

Ýene daňdana çenli oturdylar, ýene her kim oturan-oturan ýerinde uklady.

Bu gün Togrul beg haremine ilkagşam geldi.

Altynjan habaryny aýtmaga juda howlugýan-da bolsa, begiň düşeginiň biraz ýumşamagyna – ýazylyp-ýaýramagyna garaşdy.

– Görýän welin, seniň maňa aýtmak isleýän sözüň bar, seniň aňyň başga ýerde – diýip, beg mylaýym ýylgyrdy.

Altynjan begiň sözüni makullap, çala baş atdy.

– Aýtjak habaryň möhüm bolmaly.

– Dogry. Begim, dag eteginde Parawbibi atly güýçli tebip bar eken.

– Saňa derdiň bar diýýärmi?

– Aý, ýok...

– Onda näme diýýär?

– Hökümdara bir duşaýsam gowy boljak, oňa aýtjak habarym bar diýýär.

– Gabanmasaň duşaýaryn.

– Ýok, gabanmaryn.

– Habaryny saňa aýdanda bolanokmyşmy?

– Bilmedim...

– Bilýärsiň, ýöne, näme üçindir, aýtmaýarsyň.

– Ýüzbe-ýüz gürleşseňiz, hem özüňiz, hem meniň üçin gowy boljak.

– Ine, indi maňa düşnükli, tebibiň aýtjak sözi sen hakda bolmaly. Dogrumy?

– Menem şeýle pikir edýärin.

– Men onuň bilen hökman duşuşaryn, Altynjan…

Togrul beg Parawbibi bilen duşuşmaga söz beren-de bolsa, wagty bilen duşuşmady. Altynjan parawbibili gürrüň begiň ýadyndan çykandyr öýtdi, ýöne ýadyndan çykman eken. Ol öz adamlaryna Parawbibiniň maşgala durmuşy, dogan-garyndaşy hakda anyk maglumat ýygnamaklaryny tabşyrypdyr, anyk jogaba, maglumata bir hepdeläp garaşypdyr. Maglumat alansoň beg mälik Hasana Parawbibini alyp gelmegi tabşyrdy.

Parawbibi uzyn boýly, inçe billi, saçlary döşünde seçelenip duran, owadan ulugyzdy. Onuň mähirden püre-pür ala gözleri adaty gözler däldi. Ol gözlerde nähilidir bir üýtgeşik jady bardy, gudrat bardy.

Togrul beg gaşynda duran ulugyzy birpaýyz synlady-da, oňa nähili mesele ýüze çyksa, Hasan emiriň ýanyna gelmegi maslahat berdi, emiriň ýardam etjekdigini ýaňzytdy. Soňundan beg:

– Maňa aýtjak sözüň barmy? – diýip sorady.

– Rugsat berseňiz, men size käbir zatlary aýtmakçy.

– Üýtgeşik habaryň bardygyny aňýaryn.

– Merhemetli hökümdar, biz siziň şu ýere gelmegiňize ýedi ýyl bäri garaşyp ýörüs.

– Ýedi ýyl bäri? – diýip, Ybraýym geňirgendi.

– Hawa, ýedi ýyl bäri. Onsoňam garaşýan ýeke men däl.

– Başga kim garaşýar? – diýip, Ybraýym ýene gyzyklandy.

– Size Mänede şyh Abu Seýit Abylhaýyr [2] garaşýar. Siz ondan pata alsaňyz, işleriňiz has rowaçlanar.

Gije düýşünde erenler Togrul bege Abu Seýit Abylhaýyr hem Parawbibi bilen duşuşyşmalydygy hakda aýdypdylar. Parawbibiniň sözünden soň Togrul beg gören düýşüniň ýönekeý düýş däldigine düşündi.

Ol Parawbibä minnetdarlyk bildirdi. Şunuň bilen aýdylmaly habar gutarandyr öýtdi. Gutarman eken. Aýdyljak esasy habar öňde eken, asyl! Parawbibi begi ýene haýran galdyrdy:

– Hökümdar, men size möhüm bir habar aýtmak isleýärin. Ol habary men Altynjan melikä aýtdym, ýöne, çakym çak bolsa, melike ol habary size aýtmandyr.

– O näme üçin aýtmandyr öýdýärsiňiz? Aýtdy. Meniň saglygym baradaky aladalaryňyz üçin sizi Taňry ýalkasyn!

Parawbibi syrly ýylgyrdy:

– Altynjan mundan bir hepde öňki aýdan buşlugymy size ýetirmändir.

– O nähili buşluk? – diýip, Togrul beg bir Altynjanyň, birem Parawbibiniň ýüzüne bakdy.

– Men, eý, hökümdar, gelniňiz Altynjan bilen tanyşdym. Onuň dört hepdelik hamyladardygyny size ýetirmek isledim...

Parawbibiniň bu habary Togrul begiň hem, ähli wezir-wekilleriň hem garaşmadyk habary boldy.

Wezir-wekiller ýerli-ýerden Togrul begi gutladylar.

Peýkertuwak Altynjany taýly gezek gujaklady.

Togrul beg hoşal bolup, Parawbibä ýüzlendi:

– Sen meni hoş habaryň bilen begendirdiň. Hany, aýt, bu hoş habaryň üçin menden nähili engam isleýärsiň?

– Eý, hökümdar, meniň engam hantamaçylygym ýok, tebip hökmünde dünýä injek şazada babatda sizden bir zady towakga etmegi parz bilýärin.

– Aýt parzyňy!

– Eý, hökümdar, siziň dowamatyňyz dünýä injek şazada bilen baglanyşykly. Onuň sagja dünýä inmegi üçin şu günden başlap alada etmeli.

– Sen anyk hem düşnükli aýt. Men näme etmeli?

– Gelniňize küýsän zadyny iýdirmeli, küýsän ýerine alyp gitmeli. Göwnüne degmeli däl. Agyr ýük götertmeli däl.

– Soňkyň kyn bolaýmasa – diýip, Togrul beg hezil edip güldi. Ýanynda duranlar onuň gülküsine goşulyşdylar.

– Mirasdar size gerek.

– Sen bu zatlary näme üçin çintgeýärsiň? Täleýimizde bir ýaramazlyk ýokdur-da hernä?

– Ähli zat size bagly! Her hili näsazlyk bolaýanda-da, siziň ony sazlamagyň alajyny tapjakdygyňyza men ynanýaryn.

– Maňa bagly bolsa, onuň bir alajy tapylar. – Togrul beg gapdalynda duran Altynjana ýüzlendi: – Altyn gyz, sen meni mydama haýran galdyrýarsyň. Hoş habary nädip bir hepdeläp menden ýaşyryn saklap bildiň? Näme üçin aýtmadyň?

– Men ony çala ýaňzytdym ahyryn! – Altynjan utanyp gyzardy.

– Wah, sen-ä oňardyň! Seniň munyň Sowmagynyň: «Men size «Zamahşar gijesinde» silterlenme boljagyny ýaňzytdym» diýşine meňzeýär. Beýle habary ýaňzytmaly däl! Sesiň ýetdiginden zowladyp, gygyryp aýtmaly! – Togrul beg töweregine garanjaklady. Hazynadaryny tapyp, oňa tabşyryk berdi.

Hazynadar goja aýal maşgalanyň ýanyna barmagy, agzyna dinar salmagy biraz gelşiksiz görüp ýaýdandy. Onuň ýaýdanýandygyny gören Togrul beg: «Haltajygy Altynjana ber, goý, ol seniň etmeli işiňi etsin» diýen terzde öndedi.

Altynjan içi dinarly düwünçegi alyp Parawbibiniň ýanyna bardy:

– Agzyňy aç, mähriban Parawbibi! Hoş habary aýdan altyn zybanyňy altyndan dolduraly!

Parawbibi patyşalaryň sylaglamak islän adamlarynyň agyzlaryna sygan gyzyly berýändigini eşidipdi, ýöne adamlaryň şeýle sylaglanyşlaryny öň görmändi.

Parawbibi Togrul bege bakyp, minnetdarlyk bilen baş egdi.

Altynjan geň galdy: bäş sany dinar bilen Parawbibiniň agzy doldy. Zamahşarda Haldanyň agzy ýigrimi bäş dinar bilenem dolmandy ahyryn!..

**3.**

Seljuklylaryň Dehistany eýelemegi Gürgen welaýatynyň häkimi Bakalanjaryň dünýäsini çepbe çöwrüpdi.

Dehistan onuň tabynlygyndady, bu gün bolsa, ol ýerde seljuklylar häkimlik edýärdi.

Bakalanjar Ziýar şalygynyň şasyny öldürip, tagtyny eýeläp, soltan Masudyň uguny ýekeläp, oňa gyzyny gelinlik berip, ýaňy rahat durmuşa başlapdy. Ol seljuklylar bilen hem arany sazlamak isleýärdi, ýöne anyk çykalga tapyp bilmän örtenýärdi.

Soňky günler saglyk ýagdaýynyň hem egbarlandygy üçin Parawbibini hatyn edinmegi, şeýdip, bir okda iki towşan urmagy ýüregine düwüpdi: «Ony hatyn edinsem, saglygymy dikelderin, seljuklylar hem elimden häkimligimi aljak bolup durmazlar». Ol şu pikir bilen Togrul beg Parawdan gidensoň, ata atlandy.

Şa maksadyna ýetmek üçin ähli pyssy-pyjurlyklara taýýar adam, tagta-da özüni ösdürip-ýetişdiren, howandarlyk edip, özüne wezir bellän iň ýakyn adamyny öldürip geçipdi. Öňüňde maksat goýduňmy, şol maksadyňa her edip-hesip edip ýetmeli diýen pikire gulluk edýän Bakalanjar Parawbibi babatda inçe syýasat ýöretmegi makul bildi: Paraw şäherine hossar çykdy: uly sadaka berdi. Sadakada ýoksullara dinar paýlady, Parawbibä eçilmek eçildi. Üç ýüz altmyş geýimlik mata, gymmatbaha şaý-sep engam berdi. Täze metjidiň gurluşygyna başlady. Birki aýdan soň Bakalanjar ýene Parawa geldi. Parawbibä öýlenmekçidigini aýtdy. Tebip bu pikire çürt-kesik garşy çykdy. Şeýle bolansoň, Bakalanjar güýje daýanmaly boldy.

Parawbibi gaçdy.

Bakalanjaryň gulamlary onuň yzyndan kowdy.

– Ölerin, ýöne saňa hatyn bolmaryn.

Bu söz Parawbibiniň iň soňky sözi boldy.

Ol daga bakan gaçdy. Yzyndan kowan elliden gowrak gulam ony ele salmak üçin öňe okduryldy.

Parawbibi daga dyrmaşyp barşyna çykalga gözledi. Ol Allatagala mynajat etdi:

– Eý, Biribar, meni özüne ýagşylyk eden adamy öldüren ganhoruň gujagyna girmeli etme!

Beýik Biribar Parawbibiniň mynajatyny eşitdi: dag elhenç güwledi, soňam göwsüni açdy. Parawbibi dagyň göwsüne girip gitdi.

Kowup gelýän gulamlar dagyň elhenç güwlemesine, birden iki bölünmegine, Parawbibiniň gürüm-jürüm bolmagyna akyl ýetirip bilmediler.

Şol ahwalatdan soň Parawbibiniň özi däl-de, ady ýaşamaga başlady.

Bu-da bir ýaşaýyş!..

**4.**

...Şamälik seljuk beglериniň serhoş bolaryna, gije ukynyň süýjärine garaşypdy.

Ähli zat onuň isleýşi ýaly bolupdy.

«Erkek kişileri uçdantutma öldürmeli, aýallary öldürmeli däl» diýip, ol ýörite buýruk beripdi. Onuň bu buýrugy Altynjany ele diri salmak üçindi, ýöne jesetleriň içinden Togrul begiň jesediniň tapylmazlygy, ýesir alnan aýallaryň arasynda Altynjanyň ýoklugy onuň barja umydyny puja çykarypdy.

Sekiz müň adamyň öldürilmegi emiri birjik-de begendirmedi. Gaýtam, gynandyrdy. Rast, Togrul beg gaçan bolsa, onda onuň birmahal güýç toplap gelip, ar-hun almagy mümkin. Ine, bu pikir oňa otly köýnek geýdirýärdi, ol sekiz müň maslygy Togrul begiň kellesine çalyşmaga taýýardy. Muhammet Togrul begiň kellesini getirip beren gerçege ol özüniň ýigrimi müň esgeriniň kellesini kesip bermäge-de taýýardy. Ol pursatdan peýdalanyp, Altynjany zor bilen hatyn edinmändigine ökünýärdi.

Şamälik daňdan Zamahşara baryp, Abdylmälik hany, hatyny Hajary, gapydany Mansury, atabeg Omary, ähli hyzmatkärlerini uçdantutma öldürdi, hanyň ogly Habyly bolsa, görene göz edip dardan asdy.

Şamälik şol «Zamahşar gijesini» özüniň bagtynyň ymykly ýatan gijesi hasaplapdy.

Togrul beg bu gabahat habary Altynjandan ýaşyryn saklady, ýöne uzak saklap bilmedi.
Sebäbi Zamahşardan çiltenler gaçyp geldi.
Olaryň gelmegi Zamahşardaky gabahatlyklardan habar berýärdi.
Altynjan kyrk günläp matam tutdy. Ol kyrk birinji gün at çapyşygyny yglan etdi. Özem bu ýaryşa gatnaşmaga isleg bildirdi. Ol ýaryşda ýeňjegine ynanýardy, çünki onuň bedewi saýdy, ýyndamdy.
Altynjan hiç wagt ruhdan, umytdan düşmändi, düşmegi halamaýardy hem. Ol umydyň bar ýerinde bagtyň bardygyna ynanýardy. Umyt onuň bagt guşudy.
Umyt adama Wagty ýeňip geçmäge kömek berýär. Wagty bolsa diňe onuň bilen aýakdaş gidip, ondan galman, onuň bilen gapdallaşyp gidip ýeňip bolýar, şu hili herekete-de ýaşaýyş diýilýär. Togtamak, ýagny Wagtdan galmak ölümi aňladýar. Külli älem ýaşaýşy ýaryşdyr. Her bir närse Wagt bilen ýaryşýar. Ýaryşdan çykarmak üçin Wagt – Pelek elde baryny edýär. Wagt bilen ýaryşdaky «gaç-ha-gaç», «kow-ha-kow» diriligiň aýdyň ýüze çykmasydyr. Adam kowýar, Wagt yzyndan ýetdirmezlik, ýaşaýyş bedewiniň üstünden adamy ýoklugyň girdabyna taşlap goýbermek üçin işleýär. Bu ýaryşda togtamak diňe bir zady – ölümi aňladýar. Ynsan üçin ölüm – Wagt bile Giňişligiň biri-birinden aýrylyşmagydyr. Wagt adamy diňe Giňişligiň erkine berende, diri ynsan jansyz jesede öwrülýär. Ynsan üçin Wagt akmasyny goýýar.
Jan Wagtdadyr, Wagt bilendir. Wagtdan galmak jandan mahrum bolmakdyr. Adamyň dünýädäki diriligi Wagt mynasybetlidir. Wagt bolsa ýylgaý adamy öz egninden zyňyp aýyrjak bolýar! Bu hakykat Wagty öz üstüne münen çapyksuwary ýere pylçajak bolup urunýan sarç bedewe meňzedýär.
Wagt sarçdyr, ony hiç mahal eldeki edip bolmaýar. Ol giriňe sygardanam has uly nägehandyr. Onuň bilen darkaş gurup geçmek adam pahyryň maňlaýyna ýazylandyr.
Bu darkaşda adamyň iň uly ýaragy – serişdesi bolsa umytdyr. Dünýäde hiç zat ýok, diňe umyt bar. Ahyretde hiç zat ýok, diňe iman bar. Umyt Wagtdan ýeňlenini, ýeňiljekdigini boýun almazlyk, ölümi ykrar etmezlik nyşanydyr. Umyt – geljege rugsatnamadyr. Şonuň üçinem dirilik hyjuwynyň iň güýçli möwsüminde – ýaşlykda umyt kesgitli, aýdyň hem jedelsiz bolýar.
Adamyň umydyny elinden al – ol şobada üpperut garra döner, janly jesede öwrüler. Ýaşaýyş, dirilik üçin bary-ýogy diňe ýekeje zat gerek bolsady, ol ýekeje zat diňe umyt bolup bilerdi.
Umyt ýaşaýyş hyjuwynyň dyňzamasy, dirilik keýpiniň çaglygydyr. Ol daşyndan seredeniňde, pessaýdyr, goh-galmagalsyzdyr, içden bakanyňda bolsa dyzmaçdyr.
Allatagalanyň öňünde edilýän iň soňky günä – umytsyzlyga düşmek, sebäbi ol adamzadyň iň ýowuz duşmany bolan Pelekden ýeňleniňi boýun almakdyr.
Bagt diňe geljek zamanda bolanda, hakyky bagtdyr. Bagt – bagta umyt edip ýaşamakdyr. Bagt duýgusy, bagt düşünjesi hä-zirki zamana geçenden, ölümiň demini alyp ugraýar, onsoň şeýle bagtdan berçikmek duýgusy peýda bolýar. Şeýdip, onuň mazasy gaçýar hemem, ol dolulygyna sarp bolýar.
Umyt – üçe – geçmişe, heminzamana hemem geljege bölünýän bölekleýin Wagtyň girdabyndan çykyp, bölünmeýän, bitewi, çyn Wagta barmagyň ýoludyr. Şonuň üçinem umydyň zamany geljek zaman. Wagtyň beýleki iki zamanyna geçirip bolýan zatlar bagt däldir, olar daşky görnüşi boýunça meňzeşdirler.
Umyt aty diňe bir şert berjaý bolanda – ynsany bakylyga gowşurandan soň, ölýär.
Seljuklylar umyt bedewine atlanyp, bagtly günlere ýetmäge okduryldylar.
Beýik Perwerdigär gowusyny etsin!

## Bäşinji hekaýat

## DURMUŞY AKYL-PARASAT DÄL-DE, ÝAZGYT DOLANDYRÝAR

Togrul beg galagoply gijeler öz düşeginde däl-de, ýerde ýatardy. Aýratyn hem kimdir birinden habara garaşsa ýa-da ýagy döküler öýtse, ýeri özüne çawuş, jandar edinerdi: ýeri diňläp atgaýtarym [1] daşlykdaky çapuwdan näçe atyň gelýändigini anyklamagy başarýardy. Ol kä ýarygije garysyna galardy-da, haşymlara kimdir biriniň gelýändigini, ony göni öz ýanyna alyp barmalydygyny aýdyp, karargähine ugrardy.
Togrul beg turup gidensoň, Altynjan onuň ýatan ýerine baryp ýer diňläp görerdi. Başda uzakdaky at aýaklarynyň dükürdilerini eşitmek başartmadyk bolsa-da, birki ýylyň dowamynda diň salmaga ezberledi.

Bir gije Togrul beg ukudan oýanyp, hatynynyň ýer diňläp ýatandygyny gördi:
– Näme üçin ol ýerde ýatyrsyň? Sen ýaňyja-da meniň gapdalymda ýatyrdyň-a?
– Begim, doganyňyz Ybraýym beg gelýär, özem, näme üçindir, gaharly.
– Ýer diňlemegi haçan öwrenip ýörsüň? – diýip, Togrul beg geňirgendi. Altynjanyň gapdalyna gelip ýer diňledi. Uzak diňledi. Soňam garysyna galyp, hatynynyň ýüzüne seretdi, aýbogdaşyny gurap, esli salym oturdy. Egnine jüpbesini ýelbegeý atyp, daşaryk çykdy.

* * *

Altynjan daşary çykan adamsynyň yzyndan seretdi. Han-ha, Togrul beg nedimi Şirpenje Tapgaç bilen nämedir bir zat hakda gürleşip, karargähe bakan ugrady.
Olaryň yzyndan bakyp duran Altynjanyň içerik giresi gelmedi, göwnüne, içerde howa ýetmeýän ýalydy. Ol Ybraýymyň gelerine garaşdy.
Biraz salymdan soň Ybraýym Altynjanyň sözüni hakykata öwürmäge howlugýan deýin, atyny çapdyryp geldi...

* * *

Togrul beg daňdan Ybraýym bilen nirädir bir ýere ugramak üçin ata atlandy. Şol mahal emir Mübärek Muhammet Togrul begiň gulagyna çawuş çakdy.
Togrul beg geň galyp seretdi, görse, hakykatdan hem Altynjan haremiň daş işiginde çugutdyryp otyrdy.
Beg bir desse gül deýin bolup oturan hatynyna seredip, oňa nebsi agyrdy, ony göterip içeri saldy, düşekde ýatyrdy.
– Men seniň beýdip, daşişikde garaşyp kösenjegiňi bilmändirin – diýip, ol gelniniň ýüzünden sypady. – Men gelýänçäm düşekden galman ýat! Şazada rahatlyk gerek. – Beg Altynjanyň garnyny sypap, içki pikirini daşyna çykardy: – Ogul bolar!
– Menem şazada garaşýaryn, ýöne anygyny bir Alla bilýär.
– Ogul bolar, hökman ogul bolar. Men bu sözi çak edip däl, magat bilip aýdýaryn. Ene rehminde gyzjagaz düýrlenip ýatýar, oglanjyklar bolsa, Allatagalanyň eradasy bilen dik durýarlar. Gör, içiňdäki çagajyk uzyn bolup dur. Bu – ogul. Biz oglankak Dawut bilen kimiň gyzy, kimiň ogly boljakdygyny derrew kesgitlärdik. Haýsy hatynyň garny garpyz deýin tegelek-togalak bolsa, onda onuň gyz, eger garny wirek gawuny deýin insizden uzyn bolsa, onda onuň ogul dogurjakdygy diýip hasaplardyk. Çaklamalarymyzda ýeke gezegem ýalňyşmandyk.
Altynjan Togrul begiň bu sözüni geň galyp diňledi. Begendi:
– Agzyňyzdan Hudaý eşitsin, hernä! Adyna näme dakarys?
– Ady taýýar onuň: Seljuk!
– Adyna mynasyp ogul bolsun, hernä!
– Adyna mynasyp bolar. Sen oňa ýunan, arap, pars dillerini öwredersiň.
– Öwrederin, ýöne atabegem-ä gerek bolar.
– Atabeg taparyn, arkaýyn bolaý, özem gaty gowy atabeg taparyn.

* * *

Altynjan nirä gidilse, begiň ýany bilen gitmek isleýärdi, ýöne soňky günler şazadanyň rahatlygyny alada edip, beg ony uzak ýörişlere gidilende galada galdyrýardy.
Agzy bimaza günleri Altynjanyň yzgyty artypdy, hiç kime görnesi, hiç kim bilen gürleşesi gelmändi. Özem içerde uzak oturman daşaryk çykardy, gije-gündiz daşarda gezdi.
Her gün aw awlamak isledi. Togrul beg onuň ata köp münmezligini talap etdi. «Münme» diýlensoň-a onuň atdan düşesi gelmedi.
Togrul beg Altynjanyň ähli kejirliklerine kaýyl geldi. Bir günem Altynjan Togrul begiň iň gowy görýän şahyn elguşuna işdä bildirdi.
Beg şahyny öz eli bilen öldürip, arassalap, közde kakmaç edip bişirip berdi.
Şahyny iýensoň, Altynjan rahatlanypdy.
– Enem göwresinde Dawut galanda barsy, men galanymda bolsa bürgüdi işdä saýlapdyr – diýip, Togrul beg Altynjana gürrüň berdi.

– Nesip bolsa, biziň Seljugymyz bihal adam bolmaz. Ol atasyna mynasyp beg bolar. Külli Oguz ýurduna patyşalyk eder.

* * *

Togrul beg, göräýmäge, göwnaçyk serkerde, degişmegem, gülüşmegem gowy görýär, hiç zat ýok ýerinden gülki tapmagy, adamlary gyzyl-gyran güldürmegi başarýar, hoş sözli: hiç kime aňsat-aňsat agyr söz, degnasyna deger ýaly söz aýtmaýar. Dogrusy, ol diňe bir göwnaçyk däl, elaçyk hem. Göwnüniň ýeten adamyna ýanyndaky barja-ýokja dinarynam eçilýär goýberýär ol. Ýöne ol şeýle göwnaçyk, hoşamaý bolsa-da, ýylsaýyn bir ýagdaý äşgärleşýär: begiň diňe özi degişýär, diňe özi güldürýär, kynyk ýigitleri welin, onuň bilen aňsat-aňsat degişmeýärler, degişmekden saklanýarlar. Olaryň beg bilen degişmeýändikleriniň aňyrsynda onuň gaharlanmagyndan heder edilýänligi däl, ýok, onda hökümdarlyk symmatynyň, hökümdarlyk güýjüniň agdyklyk edýändigi ýatýar. Onuň ýüzünde özüne hormat goýdurýan nuranalyk bar. Onda hakyky hökümdarlyk symmaty bar. Hökümdar bilen diňe bagty ýatan kişi henek atyşyp biler. Hökümdary diňe alasamsyklar güldürjek bolýandyr. Beg nirä barsa, adamlar özleri bilmezden salykatlaşmak bilen bolýarlar. Nähilidir bir resmiligem döreýär. Onsoň adamlar özleri duýmazdan oňa ýaraýjak sözleri aýtmaga çalyşýarlar, oňa ýaranmak isleýärler.

Beýik Perwerdigär ähli kişini hökümdar saýlamaýar, hö-kümdar saýlan bendesine bolsa, aýratyn sypatlary, symmatlary eçilýär. Beýik Perwerdigär pire keramat; pygambere gudrat; hökümdara, serkerdebaşa bolsa gahrymançylyk görkezmek başarnygyny berýär. Allatagala Togrul bege gahrymançylyk, merdanalyk görkezmek başarnygyny beripdir, Farabynyň [2] «Hökümdar pygamber donuny geýen ylahy Eflatun bolmalydyr» diýmesine laýyk ol. Onuň boluşlary, edýän işleri köplere, köplenç, syrly görünýär.

Togrul begiň Eflatunyň arapça terjime edilen iki kitabyny [3] bäş sany ulama müň dinar töläp türkmençä terjime etdirmesine-de kynyk serkerdeleri tykyraşdylar. Ýüz dinara, gör, näçe ýatagan, näçe kösse ýasadyp boljak! Müň dinara müň gulam saklap boljak!

Togrul beg täze döräp gelýän türkmen şalygynyň janly alamatydy. Şonuň üçinem onuň diňe bir ýüreginiň, kalbynyň, akyl-paýhasynyň däl, eýsem bedeniniň üstündenem täze şalygyň dogluş dowamaty özüne ýol gurup geçip barýardy. Bu keremli dowamatyň öňe çykaran gerçegi ýöne bir üýtgeşik adam bolman, eýsem, juda üýtgeşik, ýöne bir beýik bolman, eýse juda beýik kişi bolmalydy. Beýiklik – sygymlylyk gabarasydyr. Allatagala ynsanyň beýiklik derejesini kesgitläninde, megerem, esasy ölçeg edip şol sygymlylygy alýandyr. Eger ol bir oba üçin beýik ynsany ýaratjak bolsa, onda bir obanyň ruhy gujuryny, akyl çuňlugyny öz birligine sygdyryp bilýän kişini ýaradýar, ol bir millet üçin beýik beg gerek bolsa, onda bir adama şol milletiň gujur-gaýratyny jemläp berýär.

Ynsan özüne näçe sygdyryp bilýän bolsa, şonça-da beýikdir. Togrul diňe bir türkmeniň däl, eýsem tutuş yslam ymmatynyň gujury bilen gabz bolup biljek adamdy. Asmanyň beýikligi, hernäçe belentlik bolsa-da, olaryň baryny öz goýnuna sygdyryp bilýänligindedir. Ummanyň beýikligi juda köp dür-göwheri, janly-jemendäni öz göwsüne sygdyryp bilýänligindendir. Gowuzlyk, boşluk ölümiň alamatydyr. Sähel zat bilen derrew dolmaklyk bolsa pesligiň, ejizligiň görkezijisidir. Sähel suw bilen dolýan hanadan beýik dere döremeýär. Sygymlylyk – beýiklikdir. Giňelip hem çuňalyp bilmeýän närseleriň dirilik mümkinçiligi çäklijedir.

Togrul begiň birbada hem ylma, hem danalyga, hem sö-weşjeňlige, hem beden saglygynyň berjaýyna ymtylmagy onuň özüne köp diriligi sygdyrmak hyjuwyndandy. Zenan giňelmese, täze ýaşaýşy – çagany berip bilmez. Asman çuňalmasa, täze pelekleri berip bilmez. Külli ýaşaýyş köne ymtylmadan, bir kiçijik nokadyň daşyna giňelmeginden hem içine çuňalmagyndan peýda edendir. Togrul beg täzeden döreýän türkmen dünýäsiniň ähli çuňluk hem giňlik gujuryny özüne sygdyran kişi. Onuň hyjuwlylygy hemem köpe topulmagy ol gujurlary daşa çykaryp, olar bilen bütin türkmen dünýäsini doldurmagyň ugrudy.

– Beýik Perwerdigär bize jahan şalygyny berendir. Agzybir bolsaňyz, ýedi yklym siziňki bolar, öňüňizde durup biljek güýç bolmaz. Agzyňyz alarsa welin, tumaýak galarsyňyz. Babaňyz Mykaýyl sagadatyňyz hem salawatyňyz üçin öz ömrüni size goýup gidendir. Siz babaňyzyň ýaşamadyk ýaşyny ýaşamalysyňyz, ýetmedik, telwas eden maksadyna ýetmelisiňiz – diýip, Seljuk beg birmahallar öwüt ederdi, Togrul beg atasy Seljuk begiň Alp Är Töňňe, Tonýukuk [4], Bilge han [5] Gün eždatlarymyz, şeýle hem iki jahangir dogan Atylla bilen Bleda [6], olaryň gözel gyz döwletlerini [7] dyza çökerişleri hakdaky gürrüňlerini aýratyn hatyralaýardy.

Alp Är Tonga öldümi?

Yssyz Ajun galdymy,
Özlük öjün aldymy,
Imdi ýürek ýyrtylar [8]
– diýen mersiýeni Togrul beg oduň başynda jemlenilende köplenç aýdardy.

Ol Beýik Perwerdigäriň özüni telwas edýän maksadyna ýetirjekdigine düýrmegi bilen ynanýardy. Bäş wagt namazyny yrman okaýardy. Ýanynda ulama adamlaryň bolmagyny iň uly hazyna hasaplaýardy. Olary diňleýärdi. Käbir ulamany bir hepdeläp, hiç ýerik çykman diňlärdi. «Hakyky dana adamy sabyr-takady bilen tanap bolýar» diýen pikire uýýardy. Dogrusy, onuň islegi soltan Mahmyt Gaznaly deýin aşa sowatly soltan bolmakdy. Arman, bolmasa bolmajak eken: herçent yhlas edip, ulamalaryň söhbetlerini diňlemäge başlasa, teshyrlyk, harby tilsim oýlanmalary, aladalary aňynda rüstemlik ederdi: ulama-ha janygyp sözläp durandyr, begiň aňy bolsa haýsydyr bir galada teshyr eýläp ýörendir. Beg ukudan oýanan ýaly bolar, ýene ulamanyň söhbedini diňlemek üçin ünsüni jemlär, ýöne bu saparam uzak wagt geçmänkä aňy ýene bir zada gider. Togrul beg ulamalary soltan Mahmyt deýin diňläp, hatyralap bilmeýändigine gynanýardy. Soňam öz-özüni köşeşdirýärdi: «Jibal ýurduny teshyr edip bolanymdan soň, bir ýylymy ulamalara bagyş etjek».

Beýik Taňrynyň: «Men bu gün diniňizi size kämil edip berdim, men nygmatlarymy size rysgal etdim, men size dinlerden yslam dinini mynasyp tapdym» [9] diýen sözlerini öz ýanyndan köp gaýtalaýardy, özünde Farabynyň tekrarlaýan on iki sypatynyň [10] bolmagy üçin çalyşýardy.

Ýyllar Seljuk begiň diýenleriniň hakdygyny, Farabynyň nygtaýan zatlarynyň zerurlykdygyny aýan edip barýardy. Her bir tutumda Seljuk agtyklary beýik Perwerdigärden yganat – tekge-goldaw tapýardylar.

Togrul beg Söbükteginiň «Pentnamasyny» [11], Utbynyň [12] terjimehal kitabyny gaýtalap-gaýtalap okady. Diňe bir Utbynyň ýazanlary bilen çäklenmän, soltan Mahmydyň gullugynda duran ulamalaryň söhbetlerini-de diňledi.

Mahmyt Gaznalynyň Jeýhunyň üstünden ýigrimi kurur [13] dinar harç edip guran köprüsini [14], urdu atly dil döretmegini [15] Muhammet Togrul beg aýratyn hormatlaýardy. Soltan Mahmyt – Farabynyň diýýän hakyky «pygamber doňuny geýen ylahy Eflatuny», özem ol beýik şahyr. Onuň ýazan gazallary diwany Unsurynyň gazallaryna gaýra dur diýdirýär.

Şahyrlary soltan Mahmyt ýaly arzylap biljek ikinji bir soltan hem bolmaz. Onuň köşgünde diňe şahyrlaryň sany ýüz elliden aňry bolupdy diýýärler. Gazna şäheri ulamalar, şahyrlar şäherine öwrülipdir. Soltan iň ýakyn hasaplan şahyry Unsuryny «Mälekil şugrasy» – «Şygyr mülküniň şasy» hasaplap, onuň agramyna barabar gyzyl beripdir. Şeýle bolansoň Unsurynyň saçagyndaky gap-gaçlar diňe altyndan hem kümüşden bolupdyr. Soltan Mahmyt Zibeni şahyra hem bir pil ýüki kümüş pul (1 kurur dirhem) baýrak beripdir. Iş başarýan adamyň gadyryny bilmek beýiklikden nyşan.

Togrul begiň tabşyrygy boýunça hajyp Abdyrahman Agajy [16] öz askudarlaryny, köplenç, Gazna ugradýar. Ol ýerden gelen şahyrlar, ulamalar Muhammet Togrul bege Zabulistan [17] şalygy, şasy, onuň neberesi, çaryýarlar oňşuksyzlygy [18], karmatlar [19], mezhepler, sopuçylyk hakda gürrüň berýärdiler. Beg, herhal, ýolda haýsy hem bolsa bir zat hakda gyzykly rowaýat, söhbet diňläp gitmegi, şeýdip ýol kesmegi kada öwrüpdi. Ýol kesmekde göwnüniň ýeten ulamasyna, şahyryna dinar gaýgyrmazdy.

Altynjanyň göwnüne, ýanynda özi bolmasa, Togrul beg çykgynsyz güne düşüp kösenäýjek ýalydy, adamsyna nebsi agyrýardy, ony durmuşda ýeke hasaplaýardy.

Hakykatdan hem Togrul beg ýekedi, ýalňyzdy.

Ol juda ýalňyzdy.

Bürgütler, şirler mydama tenha-ýalňyzdyrlar.

Allatagala beýik edip ýaradan bendelerini-de tenha-ýalňyzlykda saklaýar!

Göräýmäge, Togrul beg ýeke-ýalňyz däldi, onuň janyny ynanýan, ýegana nedimleri – razdanlary az däldi.

Togrul begiň Dodurga Merwezi, Seýit Rawendi, Ärdeşir Magmarany, emir Uhjury, Hapban Endikäni, Ýyldyrym Sebzewar diýen meslekdeşleri, serkerdeleri bardy. Olar sowatly kişilerdi, arap, pars dillerini kämil bilýärdiler. Togrul näme iş etmekçi bolsa, olar bilen maslahatlaşýardy.

Ejesiniň doganlary Peýkam bilen Bekdaş hem onuň iň ýakyn, ynamdar maslahatçylarydy.

Özünden on bir ýaş kiçi bolan Ybraýym ynal Togrulyň janyny ynanýan iň ýakyn adamydy, ony ýanyndan hiç mahal aýyrmaýardy.

Ybraýymyň bir üýtgeşik başarnygy bardy: ol juda ýatkeşdi. Bir gören adamyny, bir eşiden habaryny aňsat-aňsat ýadyndan çykarmaýardy.

Şeýle bolansoň, Togrul beg köplenç Ybraýymyň ýatkeşliginden peýdalanýardy.

Gylyçlaşmakda Ybraýym juda ökdedi. Söweş tilsimlerine-de ökdedi, gözsüz batyrdy. Aýylganç gygyryp giren söweşinde hökman ýeňiş gazanardy.

Togrul begiň janyny ynanýan adamlary kändi, dost-nedim hökmünde bile gezip ýören adamlary-da kändi. Ýöne şol kän kişileriň arasyndan dört kişi ýeganalygy bilen parhlanýardy.

Olaryň ilkinjisi Ýusup Bazyrganydy.

Ikinjisi, Mübärekdi.

Üçünjisi, Şirpenje Tabgaçdy.

Dördünjisi, Dürnazardy. Ol Ýagmyr başbuguň süýtdeş inisidi.

Ýusup Bazyrgany-da, Şirpenje Tabgaç-da, Mübärek-de begzada ogullarydy, olar Togrul bilen bir ýerde ösüp-ulalypdylar, çagalykdan bäri biri-birinden aýrylmaz razdandylar.

Togrul begiň başga-da iki sany çagalyk razdany bardy, olaryň biri Gutulmyşdy, ikinjisi Nasyrdy.

Gutulmyş – Arslan hanyň uly ogludy. Soltan Mahmyt Gaznaly Arslan hany ýüz otuz sany ýoldaşy (meslekdeş adamlary) bilen Hindistandaky Kelejar galasyna agöýli hökmünde ugradanda Gutulmyş hem olar bilen bile gidipdi, soňky gelip ýeten habarlara görä, ol kakasyny galadan alyp gaçypdyr, ýöne ýolda azaşyp ele düşüpdir. Şondan soň soltan Masut Arslan hany öldüripdir, Gutulmyşy bolsa zyndana atypdyr.

Togrul begiň ikinji dosty Nasyr Nusaý söweşinde wepat edipdi.

Şondan bäri Togrul beg her ýyl Nasyryň wepat eden güni matam tutýardy, Gurhan okadyp, sadaka berip, degsin edýärdi.

Togrul begiň razdanlary bilen gatnaşyklarynda bir aýratynlyk bardy. Ol aýratynlyk – bu bäş kişiniň aralarynda Togrul begiň aýratyn hatyralanandygyndady, mydama olara baştutan bolanlygyndady.

Olar bütin ömürlerine Togrul begiň ýanynda, gullugynda boldular, sözünden çykmadylar, öz gezeginde, Togrul beg hem olaryň sözlerinden çykmady. Olar mydama, nirä gitse, bile gitdiler, bile naharlandylar.

Togrul begiň işleriniň rowaçlygynda dört kişiniň hyzmaty az bolmady. Soňky döwürler Togrul beg dört razdanyna-da ýüregini doly açmaýardy. Olar bilen degişýärdi, gülüşýärdi, ýöne onuň näme etmekçi bolýandygyny özünden başga hiç kim bilmeýärdi.

Togrul beg açylmak isleýärdi, şol bir wagtda-da içki örtenmelerini örtmek isleýärdi.

Ol içki pikirlerini birki gezek razdanlaryna – nedimlerine ynanypdy.

Üçünji kişi bilýän bolsa, oňa syr diýmek bolmaýan eken. Näme ýerde ýatsa-da, altyn bilen syr ýerde ýatmaýan eken. Onda-da patyşanyň, begiň syry!

Adam patyşa bolsa-da, ýürekdeş, syrdaş küýsär eken.

– Näme üçin sen erkek däl? – diýip, Togrul beg käteler degişmä salyp, Altynjana ýüzlenerdi, aslynda welin, onuň gara çynydy. – Allatagala sen babatda ýalňyşlyk goýberipdir. Ýogsam bir hatynda üç zadyň – akylyň, görküň hem baýlygyň jemlenmegi mümkin zat däl. Şu üç sypatly zenana öýlenmek isleseň, onda üç gezek öýlenmeli, üç hatyn saklamaly...

Ýaşy geçdigiçe adamyň söhbetdeşi azaljak eken. Ýaşlykda gürrüň-gürrüňden uşlyp tapyp, teý tükenmezdi, indi dört razdany bilenem söhbedi süýjäp gidiberenok. Seljuk beg hem agtyklaryny daşyna üýşürip köp-köp pent ederdi:

«Bize Beýik Biribaryň hamdu-senasy birle Gündogar deňzinden Günbatar deňzi aralygyna hökümdarlyk etmek ýazgytdyr [20]. Beýik Biribaryň bu ýazgydynyň amaly üçin – Oguz ýurduny öz şalygymyza öwürýänçäk bize dynç karamdyr. Durmuşy akyl-paýhas dolandyrýan däldir, ýazgyt dolandyrýandyr. Eger akyl-parasat dolandyrýan bolsa, akyldar ulamalar itiň art aýagyndan suw içip ýörmezdiler, patyşa bolardylar. Akyldara har ýaşamak ýazgyt edilendir. Pählewan, batyr, gaýduwsyz beg patyşa bolmaga mynasypdyr. Emma Allatagala ýazgyt etmese, ol Allanyň ýalkan begininiň gullugynda durup ömrüni geçirer. Allatagala bendesini betbagt etmek islese, üç zada – çakyra, meýlise, şöhwete melul eder».

Togrul beg atasynyň bu sözleriniň hakdygyny durmuşda gördi: ähli zat Allatagalanyň ýazgydyna bagly eken. Birmahal Togrul begiň göwnüne Arslan ýabgu bütin ömrüne ýabgulyk edäýjek ýalydy. Ol batyrdy, pählewandy, gaýduwsyzdy, akyllydy, ugurtapyjydy, süýji dillidi. Onuň ömri armanly soňlanar diýseň, ynanar ýaly däldi.

Allanyň edýän öwrümlerini bendesi edip bilmez, asyl aňyna-da getirip bilmez!

Togrul beg soltan bolmak isleýärdi. Ýöne onuň öňünde Arslan ýabgu bardy. Ýusup bardy! Gutulmyş bardy!

Bu gün Allatagala ol gaýduwsyz seljuk gerçeklerini aradan aýyrdy-da, Togrul begi öňe çykardy.

Bu gün ol atasy Seljuk begiň, kakasy Mykaýyl begiň, agalary Arslan ýabgunyň, Ýusubyň asylly sypatlaryny özünde jemlemäge çalyşdy. Onuň etmeli işleri kän. Ol maksadyna ýetmek üçin Allatagaladan uzak ýaş, berk jan saglyk dileg edýärdi. Atasy Seljuk beg deýin ýüz ýedi ýaşamak miýesser edermikä?

Seljuk begiň: «Uzak ýaşamagyň dört sany şerti bardyr. Şol dört şerti amal etseňiz, men siziň ýüz elli ýaşajagyňyza kepil geçip bilerin. Dört şertiň birinjisi, hepdede bir gün, iň gowusy, iki gün oraza tutmak; ikinji şert, aýda bir gezek içiňi arassalamak; üçünji şert, bahar hem güýz pasyllary ganyňy arassalamak-aldyrmak. Dördünji şert, göwnüňi gala tutmak. Şu dört şert amal edilse, adamyň ýanyna ne garrylyk geler, ne-de kesel» diýen sözlerini ýadyndan çykarmaýardy, nähili ýagdaý bolanda-da, dört şerti amal etmäge çalyşýardy, saglygynyň aladasyny edýärdi.

* * *

Ybraýym Anuşirwany gowy görýärdi. Söweşe bile giderdiler.

– Anuşirwana özüm lala boljak. Dogrusyny aýtsaň-a, onuň eýýäm ýüňi ýetipdir. Muňa lalalyk gerek däl. Özi lala bolup biljek gerçek bu. Altynjan, men saňa bir zat aýdaýyn. Ýene on-ýigrimi ýyldan soň meniň häzirki aýtjak zadymy ýatlarsyň hemem: «Tüweleme, Ybraýym weli adam eken, şu boljak ahwalatlary öňünden gören eken» diýersiň. Men aýdaýyn: Anuşirwanyň parlak geljegi bar. Oňa uly-uly derejeler, uly-uly ýeňişler garaşýar. Nesip bolsa, Anuşirwanyň musulman dünýäsine, ýedi yklyma hökümi ýörär. Anuşirwan – musulman ymmatynyň Anuşirwan Adyly [21] bolar, enşa. Ine, men size welilik satýaryn. Ýene ýigrimi ýyldan Anuşirwan şeýlebir beýik adam bolar. Anuşirwan Adyldan hem beýik bolar. Onuň donunyň synyna el degren kişi özüni dünýädäki iň bagtly ynsan saýar. Muny size Ybraýym aýdýar. Muny size men – seljuklylaryň gylyjy aýdýar. Seljuk atam maňa: «Köşegim, sen meniň ähli neberämiň hak howandary bolarsyň. Sen meniň neberämiň gylyjy bolarsyň» diýipdi. Atam hak aýdan eken. Siz hem maňa: «Ybraýym – seljuklylaryň gylyjy bolar» diýip Seljuk beg hak aýdan eken» diýersiňiz.

Altynjan Anuşirwanyň Ybraýym bilen özara gatnaşygyny keseden synlardy. Onuň diňe bir Ynal bilen däl, beýleki seljuk begleri bilen gatnaşygyny-da synlardy. Şonda ol Anuşirwanyň aýratyn hatyralanýandygyny duýýardy.

Anuşirwan alçakdy, alçaklygy bilenen adamlaryň göwünlerini awlamagy başarardy.

Altynjan onuň bir häsiýetinden howatyrlanýardy: ol hem onuň adamlar bilen nahan, syrly gürrüňleri köp edýänligidi, oňa köp mukdarda hedýe-engamyň berilmegidi, näme üçin berilýändigini welin, beg takyk bilenokdy.

Anuşirwan günsaýyn baýaýardy. Ol dinarlarynyň köpüsini Altynjana getirip berýärdi. Altynjan onda gizlin pullaryň-da bardygyny aňýardy.

Adamlar Anuşirwana näme üçin lomaý-lomaý hedýe-engam berýärler?! Altynjan bu hakda köp gezek sorady, Anuşirwan ýeke gezegem anyk jogap bermedi.

Soňky günler Altynjan Anuşirwanyň syryny Ybraýym ynalyň üstünden anyklamaga çalyşdy: hedýe-engamlaryň näme üçin berilýändigini osmakladyp sorady, ýöne ynal her gezek anyk zat bilmeýändigini nygtady.

Ol Altynjanyň göwnünden turmak üçin köp alada edýärdi. «Melike, Togrul seniň gadyryňy bilenok. Seni depesinde götерse-de az oňa» diýip, janygýardy. Altynjan bu sözleri adamsynyň eşidäýmeginden howatyr edip oda-köze düşerdi: «Goý, goý, onuň ýaly mojuk söz aýtma!» diýip, ol elewräbererdi. «Näme, men nädogry aýdýarynmy? Men hakykaty aýdýaryn» diýip, Ybraýym sözüni delillendirmäge başlardy. Altynjan şeýle ýagdaýda onuň gürrüňini ahyryna çenli diňlemän, turup gaýdardy.

«Altynjan melike, Abdylmälik hanyň Haldan diýen ferraşy bar, ol kepderi bilen habar gatnatmaga gaty ökde diýýärler. Özüň bilýärsiň, seljuk begleriniň hersi bir ýerde. Dawut bege habar iberjek bolsaň, ýa Musa Ýabguwa habar ýetirjek bolsaň, käteler birnäçe günläp ýol sökmeli bolýar. Iň gowusy, Haldany çagyryp getireli. Goý, ol Togrul begiň berid waziretinde işlesin. Rugsat berseň, men şol kişiniň yzyndan adam ibereýin» diýip, Ybraýym beg bir gün Altynjana ýüzlendi.

Şol wagt Togrul beg peýda boldy.

– Näme mesele?

Ybraýym beg Haldan baradaky teklibini Togrul bege aýtdy, beg muňa garşy çykmady.

– Ol näme üçin seniň ýanyňa köp gelýär? – diýip, Togrul beg Altynjandan sorady.

Altynjan Togrul begiň bu sowaly ahyryl-ahyr berjekdigini bilýärdi, ýöne näme jogap berjegini bilmeýärdi.

– Men ondan Anuşirwan hakda soradym.

– Altyn gyz, sen daýyňy alada etme. Ol, tüweleme, gül ýalak ýigit. Dowzaha düşse-de, hor boljak däl ol.

– Dowzaha düşmesin-dä hernä.

– Elbetde, dowzaha düşmesin. Tüweleme, sen oňa gowy terbiýe beripsiň. Özem aşa sowatly, ýatkeş ýigit ol!

– Ybraýym ynal hem Anuşirwan hakda kän gowy sözleri aýtdy.

Togrul beg Altynjanyň Ybraýymy ýatlamagyny halamady:

– Ybraýym gül ýaly adam, söweşmäge ezber. Daýaw, dört adam bolup daşyna aýlananlarynda ol garşydaşlarynyň dördüsinem öldürmegi başardy. Hakyt gözüm bilen gördüm. Ony duşmanyň bir çetinden goýberseň, ol duşmanlary palaç ýatyran ýaly edip, paýhynlap, derrew aňyrsyna çykýar. Ýöne şeýle edermen bolsa-da, gybat etmegi gowy görýär, köpräk gürleýär. Çem geleniň gybatyny hem ediberýär. Onda aýdylmaly däl diýen düşünje ýok. Onuň akyly elinde. Gaznaly soltany bilenok, ýogsam ol Ybraýyma gep berip, köp maglumatlary alyp biler. Ybraýymy işsiz oturtmaly däl. Işsiz bolsa iňirdisi, gepi-sözi köpeliberýär onuň.

Altynjan begiň bu sözlerine biçak geň galdy. Sebäbi beg Ybraýymy jandan-tenden ezizleýärdi. Ol hakda hiç wagt häzirki ýaly sözleri aýtmaýardy, ony mydama hoş sözler bilen mahabatlandyrýardy.

«Hudaýtagala maňa seni ýörite goldaw hökmünde eçilipdir, sen bolmadyk bolsaň, men juda kösenjek ekenim» diýip, Togrul begiň Ybraýyma aýdan sözüni Altynjan üç-dört gezek eşidipdi.

– Ybraýym ynaldan size ýamanlyk gelmez.

– Gelmez!..

Ybraýym bütin ömrüni Togrul beg bilen geçiripdi, mydama onuň ýanyndady, hyzmatyndady. Olaryň biri-birinden aýry zatlary ýokdy. Togrul özüniň her bir tutumyny Ybraýym bilen maslahatlaşýardy.

Altynjan adamsynyň özüni Ybraýymdan gabanýandygyny aňdy. Şonuň üçin hem Ybraýym ynaldan gaça durdy.

Ybraýym ynal welin, tekepbirlik bilen onuň ýanyna bardy. Şeýdibem  Altynjany çykgynsyz agyr güne saldy.

Ybraýym soňky gezek Altynjanyň ýanyna gelip, Haldany getirdendigini, onuň işe başlandygyny, kepderileriniň aragatnaşyk üçin gaty peýdalydygyny nygtady. Ol ýaňy başlan sözüni aýdyp gutarmandy, sözüni aýdyp gutaransoň, Altynjan ondan özüniň ýanyna gaýdyp gelmezligi telmirmekçidi.

Altynjan adamsynyň haýbat bilen ýöräp gelýändigini gördi.

– Altynjan, ýör içerik!

Togrul beg aňsat-aňsat häzirkisi ýaly gaharlanmaýardy.

«Eý, Hudaý, onuň gaharyny getiren zat nämekä?» diýip, Altynjan içini gepledip, Togrul begiň yzyna düşdi.

Içeri girdiler.

Togrul beg gazap bilen Altynjana ýüzlendi:

– Düýn namazşam nirede bolduň?

Bu sowal Altynjan üçin garaşylmadyk sowal boldy. Ol düýnki bolan wakalary göz atuwyndan geçirmäge çalyşdy. «Beg haýsy zady bilmek isleýärkä?» diýip, ol içini gepletdi.

Ol düýn bäş-alty ýerde boldy, bäş-alty adam bilen duşuşdy.

Elbetde, Altynjan näme etmekçi bolsa, soltana aýdýardy, ýöne düýn soltanyň dergähinde adam köp bolansoň, ol: «Soňundan habardar ederin» diýen niýet bilen birki ýere bardy, birki kişi bilen gepleşdi, ýöne begiň halamajak ýekeje işi-de edilmedi.

– «Düýn nirede bolduň?» diýýärin men saňa? Sen meniň aýagymyň aşagyny gazyp ugradyňmy indi?

– Kimdir biri siziň ýüregiňizi nähak çişiripdir.

– Nähakmy?

– Nähak, begim, nähak. Heý-de, men siziň garşyňyza bir iş ederinmi? Men özgäniň-de nähak iş etmegine ýol bermerin.

Togrul beg ýyrtyjy ýolbars bolup, Altynjanyň üstüne topuldy.

Altynjan özünden gitdi, begiň soňky urgularyny duýmady.

Togrul beg şol gün Humrana gitdi. Üç aýlap hatynyndan habar almady, bu Altynjana çekýän yzasyndan hem agyr urgy boldy.

Ýogsam onuň çep eli burkupdy.

Onuň dertleri biri-birinden ýowuzdy, agyrdy.

Iň agyry, iň ejirlisi başgady.

Togrul begiň adyna Seljuk dakmak islän çagasy düşüpdi.

Altynjan çagajygyň agysyny aglady.

Her gün gözýaş dökdi.

Ten agyrysy bir ýyl töweregi azar berse-de, Altynjan özüne teskin bolýardy. Döwlen iki gapyrgasyny kesip aýyrsalaram razydy, esasy zat özüniň bigünädigine adamsynyň düşünmegidi. Kabyl bilen Anuşirwan şol agyr günler onuň ýanyndan aýrylman, göwünlik berdiler:

– Iň agyr zat – töhmet. Siz maňa töhmet atanyň kimdigini anyklap beriň – diýip, Altynjan olara birnäçe gezek aýtdy.

Megerem, Kabyl bilen Anuşirwan Togrul begiň ýüregini çişireniň kimdigini bilýän bolmaly, olar her gezek giň bolmagy ündemek bilen çäklendiler. Olaryň bu sözlerine Altynjanyň hasam gahary gelýärdi:

– Siz näme üçin maňa giň bolmagy ündeýärsiňiz? Siz näme üçin maňa töhmet atan adamyň kimdigini anyklamakçy bolmaýarsyňyz?

* * *

Kabyl bir gün Anuşirwanyň, kyrk çilteniň onbegileriniň öňüne düşüp, Altynjanyň ýanyna geldi.

Düşekde mejalsyz ýatan Altynjan olaryň möhüm bir habar bilen gelendiklerini aňyp, garysyna galdy, üst-başyny tertibe saldy, ol gelenleriň näme habar bilen gelendiklerini aňýardy. Şeýle-de bolsa, ilki olary diňlemegi, soňundan öz gelen netijesini mälim etmegi makul bildi. Şonuň üçin-de näme habaryňyz bolsa aýdyberiň diýen terzde gaşynda duranlara seretdi.

– Altynjan, goşuňy ýygna! – diýip, Kabyl kesgin aýtdy.

– Näme üçin?

– Gideli.

– Nirä?

– Tapawudy ýok, bu ýerde-hä durarlyk galmady. Togrul saňa nähak sütem etdi, onuň üçin uzur hem soramady.

Anuşirwan Kabylyň sözüniň üstüni ýetirdi:

– Goý, uzur sorasyn!

– Ýok, ýok. Hatynyndan uzur soraýan äre men är diýmerin – diýip, Altynjan garşy çykdy. – Erkegiň maňlaýyna urmak, hatynyňka urulmak ýazylypdyr. «Ärim urdy» diýip gitmek aýyp bolar.

– Sen ýönekeý hatyn däl. Sen biziň ýüzümiziň tuwagy. Sen biziň mertebämiz. Begiň seni urmagy – bizi urmagy. Begiň seni urmagy – biziň mertebämizi masgaralamagy.

– Gideli, lalam – diýip, Anuşirwan seslendi.

– Men siziň pikiriňizi goldaýaryn, ýöne başga bir mesele bar.

– Ol nähili mesele? – diýip, Kabyl heşerlendi.

– Men ýeňlip gitmegi namys bilýärin. Ýeňilmegi halamaýaryn. Gitsek, diňe ýeňip gitmelidiris.

– Nädip?

– Nädip ýeňjekdigimi bilmeýärin, diňe ýeňjekdigimi bilýärin. Urulmak – täzelik däl. Maňa ejir berýän zat ten awusy däl, ýok, begiň maňa müňkür bolmagy, ynanmazlyk etmegi maňa ejir berýär. Eger häzir gitsem, bu ejir meni uzak ýaşatmaz. Men bege özümiň päk, halal hatyndygymy subut etmeli, hökman subut etmeli.

– Düşnükli, sen gitmek islemeýärsiň. Urulsaňam, çydamak isleýärsiň.

– Kabyl, sen mydama gyşyk gürrüň edýärsiň. Näme etmelidigimizi men size Togrul beg gelen güni aýdaryn, ýöne siz maňa begiň ýüregini çişiren nejisiň kimdigini anyklap beriň!..

* * *

Altynjan bir aýlap düşege baglandy, döwlen gapyrgalary aňsat bitäýmedi.

Ol kyrk günden soň, daşary çykyp ugrady. Barybir, ysgynsyzlykdan ýaňa ýörese başy aýlanýardy.

Ol ýatmakdan ýaňa bez bolupdy, daşary çykasy, bedewli sähra aýlanasy gelýärdi, şu maksat bilen ada ýöräp teblehana bardy.

Akgar (täze berlen at dor reňklidi, şeýle-de bolsa, Altynjan ony «Akgar» diýip atlandyrypdy) eýesini görüp hokrandy. Dogrudanam, Akgar Altynjany görüp begendi, birki gezek çarpaýa galyp kişňedi.

– Eý, ganjyk! Saklan!

Altynjan ýeňsesinden çykan bu nätanyş sese ör-gökden geldi. «Eý, Hudaý, bu näme boldugy? Kimkä maňa beýle ýüzlenmäge het edip bilýän?!»

Ses ikinji gezek ýaňlandy:

– Yzyňa öwrül, ganjyk! Men seni häzir öldürjek!

Altynjanyň yzyna öwrülesi, özüni öldürmek isleýän ganhoryň ýüzüni göresi gelmedi, gozganman durdy.
– «Yzyňa öwrül!» diýýärin men saňa!
– Maksadyň öldürmek bolsa, nämä dursuň? Eli ýaragsyz hatyny ýeňsesinden gelip, namartlyk bilen öldürmäge ynsabyň çatýan bolsa, sen erkek däl!
– Men namart däldirin, men mertdirin. Hut şonuň üçin hem men saňa: «Yzyňa öwrül!» diýýärin.
– Eli ýaragsyz hatyny öldürmegi özüne mertebe bilýän namarda men erkek hem diýmeýärin. Beýle kişiniň ýüzüni görmegi ölümdenem agyr jeza hasaplaýaryn.
– Gepleme! Men seniň sözüňe mätäç däl! Kelemäňi öwür!
– Sen Togrul begiň hatynyny öldürmäge gorkaňokmy?
– Sen indi Togrul begiň hatyny däl! Bilmeýän bolsaň, bil, Togrul beg senden ýüz öwürdi. Ol indi seni görmek hem islemeýär. Hut şonuň üçin ol köşge gelenok. Ol seniň bu ýerden gideriňe garaşýar.
– Seniň bu aýdýanlaryň pikirlenmegi başarmaýan gybatkeşleriň gybaty. Bilmeýän bolsaň, sen-de bil, Togrul hatyndan gaçyp ýören är däl!
– Bä, sen entegem özüňi Togrul begiň hatyny hasaplap ýörsüň-ow?!
– Elbet! Men Togrul begiň hatyny! Özem ýeke-täk hatyny! Özem begiň ýüregi!
– Ýüregi bolýan bolsaň urmazdy, gapyrgalaryňy döwmezdi!
– Erkegiň urmasy – hatynyň mertebesidir.
– Gapyl, loly!
– Ine, bu sözüň üçin hasap bermeli, jezaňy çekmeli bolarsyň. Sen maňa «Loly» diýip töhmet atdyň. Sen meniň lolulyk eden ýerimi gördüňmi ýa bu hakda eşitdiňmi?
– Gapyl, loly! Kellemäňi öwür!
– «Loly» diýip töhmet atmadyk bolsaň, men seniň günäňi geçsemem geçerdim, ýöne indi men seniň günäňi geçip biljek däl. Kelemäňi seniň özüň öwür.
– Besdir, seniň bilen gepleşip oturjak däl men! Men senden arymy almakçy! Goý, soň meni öldürseler öldürsinler!
Kabylyň sesi eşidildi:
– Kuýaş, Kuýaş, saklan!
Anuşirwan gorkuly gygyrdy:
– Kuýaş, Kuýaş dogan, saklan!
Akgaýa gygyrdy:
– Kuýaş, edýäniň näme seniň?!
Ylgap gelýän adamlaryň aýak sesleri eşidildi.
– Ýa, Alla!
Bu Kuýaşyň iň soňky sözi boldy. Ol elindäki mizragyny öňüne tutup, Altynjana bakan batly ylgady. Onuň maksady ata seredip duran Altynjanyň içinden mizragyny parran geçirmekdi.
Altynjan «Zamahşar gijesi» Togrul begiň ýeňsesinde iki gözüniň bardygyna geň galypdy, ol şondan bäri geçen döwür içinde ýeňsesinde iki göz edinmegi başaran bolmaly, yzyna öwrülmän Kuýaşyň her bir hereketini gördi, ajal bolup gelýän mizragyň öňünden sowulmaga, bilindäki hanjaryny Kuýaşyň jugdanyndan urmaga ýetişdi.
Kabyl dagy gelende boljak iş bolupdy.
Kuýaş bir wagşyýana gygyryp, ýykyldy:
– Dag arman! Dag arman!..
Altynjan gözlerini petredip ýatan on ýedi – on sekiz ýaşlaryndaky jahyla seretdi. Ol bu jahylyň ýanyndan ýaňyja geçip gaýdypdy. Jahyl oňa ýylgyryp salam-da beripdi. Özem ol ýeke däldi, onuň ýanynda başga-da bir jahyl bardy. Hany, ol?!
Altynjan jahyllar bilen salamlaşan ýerine seretdi. Görse, Kuýaşyň ýanyndaky ikinji jahyl gaty-gaty ýöräp, Günbatara tarap gidip barýar.
– Saklaň şol oglany! Çyrlak, Ýatmaz, saklaň ony! – diýip, Altynjan oglana bakan elini uzatdy.
Kabyl dagy ýetip geldi.
Kuýaş eýýäm jan beripdi.
Hiç kimden ses çykmady:
– Kim bu? – diýip, Altynjan Kabyla ýatan jesedi görkezdi:
– Kuýaş!

– Janymy ýakma meniň! Adynyň Kuýaşdygyny eşitdim, ýöne munuň meni öldürjek bolandygynyň sebäbini bilmeýärin. Bu ýigit näme üçin meni öldürmekçi boldy? Onuň mende näme ary bar?

Altynjanyň bu sowalyna hiç kim jogap berip bilmedi. Belki, Kuýaşyň ýanyndaky ýigit bilýändir?!

Gaçyp barýan jahyly tutup, Altynjanyň huzuryna getirdiler.

Jahyl başyny dik tutup, gahar-gazap bilen bakyp durdy.

– Sen kim?! – diýip, Altynjan jahyla dikanlap bakdy.

– Sadyk Batman!

– Kuýaş näme üçin meni öldürjek boldy?

Sadyk Batman göwünli-göwünsiz jogap berdi:

– Özünden soraň!

– Sen näme üçin meniň bilen gaharly gürleşýärsiň? Menden göwnüň galan ýeri barmy?!

– Edeniňi edip, indem utanman: «Menden göwnüň galan ýeri barmy?!» diýip soraýarmyň?

– Üstümde Alla bar, men seni öň nirede görenimi ýadyma sylyp bilemok. Seniň göwnüňe-de degendirin öýdemok.

– Sen meniň babamy öldürdiň, babamy! Indem: «Seniň göwnüňe-de degendirin öýdemok» diýýärsiňmi?

– Babaň adyny aýt!

– Batman!

Altynjan uludan demini aldy:

– Düşnükli, düşnükli. Kuýaşyň babasynyň ady hem Tahyr bolmaly!

– Eýse näme!

– Diýmek, ikiňiz ar almakçy bolupsyňyz-da?!

– Näme, binamyslyk edip, başymyzy aşak salyp gezibermeli ekenikmi?!

– Men saňa, Sadyk, hakykaty düşündireýin – diýip, Altynjan janykdy.

– Maňa düşündiriş gerek däl... Bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly hiç zat ýok. Babamy Zamahşarda öldüreniň hakmy? Hak! Oguz han: «Myhman – ataňdan uly» diýipdir. Sen bolsa, ataňdan uly adamy – meniň mährinden ganmadyk babamy nähak öldürdiň.

– Diýmek, seniň maksadyň hem meni öldürmekmi?

– Men Togrul begiň hatyrasy üçin saňa hiç zat diýemok. Beg saňa talak berse, şol gün ýa arymy ýerine salaryn ýa-da Kuýaşyň gününe düşerin...

* * *

Askudar Altynjana  Togrul begden bir bukja getirip berdi. Onuň içinde iki sany ýowşan baldagy bar eken. Altynjan ýowşanlary öwran-öwran ysgady, ysgadygyça agysy tutdy. Ol aglamak aglady.

Iki günden soň Togrul beg geldi.

Ähli emeldarlar daşary çykyp, begi dabaraly garşylady.

Altynjan daşaryk çykmady, ýöne gabsadan jyklap, Togrul begiň gelşini, atdan düşüşini, adamlar bilen hal-ahwal soraşyşyny – her bir hereketini ünsli synlady, begiň aram-aram hareme bakan seretmesinden onuň özüni agtarýandygyny aňdy.

Beg adamlaryň öňüne düşüp karargähine bakan ugrady, ýöne uzak gitmän,  haremine bakan gönükdi.

– Gelýär! – diýip, Altynjan pyşyrdady, näme etjegini bilmän doňan ýaly bolup durdy.

Işik şarka açyldy:

– Altyn gyz, halyň niçik?

Altynjan sesini çykarmady, duran ýerinden gozganjak hem bolmady.

Togrul beg içişikde durup, ahmyrly sözledi:

– Muhammet alaýhyssalamyň hatyny Aýşa-da töhmet atypdyrlar[22], saňa töhmet atylandygyny-da men soň bildim, haýp, giç bildim. Soň arkaýynçylykda gürleşeris, men seniň halyňdan habar almak üçin geldim. Kesek diňe miweli agaja atylýandyr. Näme üçin dymýarsyň? Nämedir bir zatlar aýt ahyryn.

Altynjan şindem doňan ýaly boldy durdy.

Togrul beg uludan demini aldy, Altynjana seredip, birmeýdan durdy, goltugyndan bir düwünçek çykaryp, ojakbaşynyň üstünde goýdy-da, çykdy gitdi.

Altynjan özüni aşak goýberdi, sojap-sojap aglamaga başlady, agladygyça aglasy geldi.

Garaňky düşdi.

Wagt ýarygije boldy.

Ýöne Togrul beg gelmedi.

Dańdanlar uka gitdi.

Ol özüne seredilýändigini duýup, ukudan oýandy, gözüni ada açyp, töweregine garanjaklady, diňşirgendi, üstüne ýorgan ýapylandygyny duýdy. Görse, başujunda Togrul beg aýbogdaşyny gurap, seredip otyr.

Adamsynyň seredip oturandygyny gören Altynjan birbada aljyrady, damagy hykga doldy.

Togrul beg Altynjanyň ýüzüni emaý bilen sypady, gözünden paýrap dökülýän gözýaşy üznüksiz syldy.

Bu mahal Altynjanyň kemligi tutupdy, agladygyça aglasy gelýärdi.

Togrul beg onuň elinden çekip gujagyna aldy, şeýlebir yhlas bilen gujaklady:

– Sen nika gijämiz meniň ýüregim bolmak isleýändigiňi aýdypdyň. Şonda men muny asla mümkin zat däl diýip hasap edipdim. Görüp otursam, mümkin eken. Indi, hakykatdan hem sen – meniň ýüregim. Indi sen meniň üçin öňki Altynjan däl, düýpgöter başga Altynjan. Men orta ýaşan adam, sen welin, entek ýaş. Ýaş hem bolsaň, maňa uly sapak berdiň. Indi hiç kim töhmet atyp meni ynandyryp bilmez, çünki ýüregi aldap bolmaýar.

Altynjan mundan artyk hiç zat aýtma diýen terzde Togrul begiň agzyna elini ýetirdi.

Sebäbi ol bolup geçen ahwalaty öz maňlaýyndaky ýazgyt hasaplaýardy, Gurhandaky: «Alla ynsana diňe güýjüniň ýetjek möçberinde ýük ýüklär» diýen pähimine ynanýardy, Allanyň maňlaýyna ýazan ýazgydyny merdemsilik bilen çekmek isleýärdi, çekýärdi hem. Çünki ýaşaýyş dowamatynyň baş manysy Allatagalanyň dünýäni ýaratmakda, öňünden biçen tutumynyň amala aşmagydyr. Öňden biçilip goýlan ol tutuma ýazgyt diýilýär. Ýazgyt şeýle alanyňda, adatdan daşary bir zadam, adam akylyna sygmajak bir zadam däldir. Ýazgyt – bu Wagt hem Giňişlik arasyndaky üzülmez baglanyşyklardyr, bar bolany. Düýn şu güni, şu gün ertiri, ertir birigüni… şertlendirip, kesgitläp gidip otyr. Arman, bu şertlendirmäniň ähli jikme-jiklikleri akylymyza sygmansoň, olary bölmek mümkin däl bolansoň, bize ýazgyt öz çykaran gorkuly hokgamyz ýa-da haýran galdyryjy geň-taňlyk bolup görünýär. Wagt bitewüdir, öňünden kesgitlenendir, çünki diňe öňden kesgitlenen zat bitewi bolup biler, ýazgyt bolsa şol bitewüligiň biziň paýymyza düşenje bölegidir.

Adamy ýazgyda ynanmak ýa-da ynanmazlyk däl-de, ýaşaýyş hyjuwy ýaşadýar. Bu hyjuwyň çeşmesi bolsa Alladandyr. Bu hyjuw ýazgydyň hökmürowanlygyny göz öňünde tutulyp, sarp edilse, munuň özi akyl-parasatlylykdyr. Töwekgellik – ine, iň ýokary parasat. Töwekgellik özge barça närseden geçip, diňe Hudaýa bil baglamakdyr. Togrul begiň Altynjany urup, göwresindäki çagasyny düşürmegi ýazgytdy, sebäbi bu hereketiň ujy gaty aňyrlardan gaýdýardy. Bir hereket beýlekiniň esasynda döreýär, şeýdip, dowamat höküm sürýär.

## Altynjy hekaýat

## IKINJI BASGANÇAK

Altynjan melike – nedim. Özem bu wezipäni Togrul beg kätibiniň üsti bilen resmileşdirdi, halyfyň wezirleriniň haky bilen deň hak – müň dinar hak belledi. Şeýle hem oňa dabaraly ýagdaýda hatyn unwany berildi. Seljuk zenanlarynyň içinde bu ada ilkinji gezek Altynjan mynasyp boldy.

Ol her gün bir eşik geýýärdi, ýöne ýörişe gidende diňe adamsynyň nika gijesindäki beren eşigini geýýärdi, bu eşigi ähli eşiginden eziz görýärdi, ony ýassygynyň aşagynda ezizläp, nahan saklaýardy.

Togrul beg Altynjan üçin ýöriş hem söweş eşigini tikdirdi. Bu eşik ata münmek, ýöremek üçin gabyldy. Eşigiň bir artykmaçlygy bardy, ol artykmaçlyk erkek kişileriň egin-eşikleriniň biçüwinde zenanlaryň geýýän gymmatbaha atlaz matasyndan tikilenligidi.

Altynjan altyn guşagyndan Tümen daýysyndan galan altyn saply hanjaryny asardy. Beg hatynynyň ýörişlerde hanjarly, ýaragly bolmagyny unasa-da, haremhanada hanjarly gezip ýörmegini unamandy. Şonuň üçin ol hatynyna şeýle diýdi:

– Öýde hanjar göterip ýörme. Batman neressäniň ogly baradaky howatyryňy aňyňdan aýyr. Men onuň bilen gowy düşünişdim. Ol indi seniň ýakynyňa gelmez. Onsoňam men ony Balhana [1] amid edip ugratdym.

Altynjan bu sözden soň – hanjaryny haremhanada goýup, ilkinji gezek daşaryk çykanda, öwrenişmänligindenmi-nämemi, göwnüne, garaşylman durka begiň janyna kast ediläýjek ýaly boldy durdy.

Dogry, begi goraglap ýörmegiň zerurlygam ýokdy, çünki ony dört ýüz adam goraýardy.

Beg ýöränDe üç hatar mufrat – haşam [2] öňden, üç hatar jandar sagdan-soldan, üç hatar şatyr hem yzdan ýöreýärdi.
Begi goraýan şatyrlar, jandarlar ynamdar, daýaw, türgen, batyr ýigitlerdi. Olar goraga alnanda wepaly hyzmat etjekdikleri barada Gurhandan ant içýärdiler.
Antyň bozulan ýerinde erkek kişiniň mertebesi gutarýardy.
Seljuk jemagatynda jandarlar, şatyrlar, haşamlar, mufratlar çagalykdan ýörite bilim-tälim berlip ýetişdirilmäge başlandy. Olar öz ata-eneleriniň kimlerdigini, özleriniň nirede dünýä inendiklerini bilmeýärdiler. Ýabgulyk agyr söweşlerde ata-eneleri wepat eden ümbülmez ýetim çagalary haşamlyk üçin ýörite ýygnaýardy. Olary durmuşdan üzňelikde ýaşadýardylar, terbiýeleýärdiler. Olaryň hossary-da, arkadagy-da – Togrul begdi.
Haşamlaryň yhlaslylygyny Altynjan mundan bir ýyl öň görüpdi. Şonda bir obanyň adamlary bilen Togrul beg gürleşip durka köpçüligiň içinden eleşan eşikli bir juwanmert kişi begiň aýagyna ýykylyp tagzym etmek üçin öňe çykdy, ýöne jandarlar onuň maksadyna ters düşündiler: ony begiň janyna kast etmekçi bolandyr öýtdüler. Haşamlaryň iki sanysy wagşyýana gygyryp, eleşan görgüliniň üstüne towusdy, çem gelen ýerinden hanjar urdy. Eleşanyň bedeninde hanjar sokulmadyk abat ýer galmady. Ony öldürmek üçin hanjaryň ýeke gezek jaýdar sokulmagy hem ýeterlik welin, haşamlaryň her biri ol eleşanyň endamyny eşigindenem bäş-on esse eleşan etdiler. Haşamlar wagşylaşypdylar: howandar-keramat hasaplap ýören begleriniň janyna kast ediljek bolunmagy olary gazap atyna atlandyrypdy.
Eleşanyň eleşan eşikleriniň arasyndan zogdurylyp gan akýardy.
Bu aýylganç görnüşiň şaýady bolan halaýygyň haýýady göçüpdi, olaryň içinde özünden gidenleri-de az däldi.
Şol görnüş Altynjanyň hem göz atuwyndan aýrylmaýardy.
Ol dogany Kabyla, çiltenlerine her gün hüşgär bolmagy sargaýardy.

* * *

Begiň goragynyň sahyby Peýkamdy. Ol Altynjany halamaýardy, oňa göwni-de ýetmeýärdi. Görer göze welin, ýalym-ýulumdy: her gezek duşuşanda «Gelin, manlykmydyr? Hudaýtagala seni Togrul üçin ýaradypdyr. Siz biri-biriňize mynasyp jübüt. Näme gerek-ýaragyň bolsa, çekinmän aýtgyn, seniň möhümiňi hökman bitireris» diýerdi.
Altynjan hem öz gezeginde hoşamaýsyrardy:
«Hudaýa şükür, siziň barlygyňyzda biz örän arkaýyn. Bir zerurlyk ýüze çyksa, hemaýatyňyzy gaýgyrmajakdygyňyzy bilýärin. Siziň ýaly garyndaşlarynyň, siziň ýaly razdanlarynyň barlygy – Togrul begiň rowaçlygy!»
Altynjan içinden başga zat diýerdi. «Eý, garry ýigrenji, aýagyňy göre sokup otursyň. Pisiňi aşyryp, özüňi ýigrendirip ýörmän, galan ömrüňi agtyklaryň arasynda öýüňde geçirseň bolanokmy? Ölmek niýetiň ýokmy seniň?!»
Peýkam – ýaşynyň bir çene barandygyna seretmezden badyhowa, sögünjeň kişidi.
Altynjan Togrul beg ilkinji gezek düşünişmek üçin Zamahşara baranda, Peýkam: «Gapyl, ganjyk!» diýip, Altynjana azgyrylypdy. Şondan bäri Altynjan Peýkamy ýigrenýärdi.
Togrul begiň öz goragyny Peýkama ynanmasy Altynjan üçin düşnüksizdi. «Ol Dürnazar ýa Bekdaş ýaly düşbi, duýgur däl ahyryn!» diýip, içini gepledýärdi. Daşyndan welin, bege hiç zat aýtmaýardy.
Käteler Togrul beg:
– Altyn gyz, sen maňa ýüregiňi doly açmaýarsyň. Munyň nädogry. Seniň menden ýaşyryn pikiriň bolmaly däl – diýýärdi. – Sen nämedir bir zada garaşýan ýaly.
Altynjan begiň duýgurlygyna haýranlar galardy. Hakykatdan hem ol begiň ýanynda doly açylmaýardy, näme üçindigini özi-de bilmeýärdi.

* * *

Namazşamyň öňüsyrasydy.
Goşun Tusuň [3] dört kerwe günbatar tarapyndady. Altynjan daşarda Kabyl bilen durdy.
Kabyl öwünýärdi. Şeýlebir göçgünli öwünýärdi welin, aýdýan zatlaryna häzir hakyt özem hezil edýärdi.
Altynjanyň ýanynda duran çiltenleriň serkerdesi Akgaýa bilen Çyrlak onuň diýýän zatlaryny diňläp duruşlaryna syrly ýylgyrýardylar. Kabyl ol ikisine ünsem berenokdy, onuň ünsi Altynjandady. Ol gürrüňi

Altynjana berýärdi. Rast, ol ynanýarmy, Kabyl üçin ýeterlik şol! Altynjan hakykatdan hem Kabylyň başdan geçirmeleriniň hakdygyna ynanýardy, oňa guwanýardy.

Kabylyň gürrüňine görä, ol ýolbars ýalydy, öňünden çykany öldürip gidip barýardy. Ol ýalan sözlemeýärdi, hakykaty aýdýardy. Aýdylýan hakykat – bitirlen iş şöhratlydy, şeýle bolansoň, ol öwünme ýaly bolup eşidilýärdi.

Togrul beg Anuşirwan, Şirpenje Tabgaç, Abylkasym Buýany, serkerde Halaç daga nämedir bir zady janygyp düşündirýärdi.

Olaryň duran ýerlerinden ýigrimi-otuz ädim aňyrdan goşunyň hymalary başlanýardy. Esgerler öz aladalary bilen başagaýdylar. Olar begiň duran ýerine ýakynlaşmaýardylar.

Togrul beg dagy özara gürleşip hymalara bakan dähedem-dessemläp ugrady. Olar hymalara o diýen ýakynlaşman yzyna öwrüldiler. Serkerde Halaç sesini çykarman aýdylýan zatlary düýrmegi bilen diňleýärdi. Muhammet Togrul beg bolsa oňa nämedir bir zady janygyp düşündirýärdi. Serkerde begiň aýdýan sözlerini baş atyp öwran-öwran makullaýardy, mahal-mahal hem ýüzüne gonýan siňekleri elini galgadyp kowýardy.

Jandarlar serkerdäniň elini galgadyp siňek kowmasyny kimidir birini çagyrmak diýip düşündiler. Şundan peýdalandymy ýa bu zatlara üns bermezden maksat tutdumy-nämemi, hymalaryň arasyndan ýeňil geýnen ýigrimi bäş-otuz ýaşlaryndaky hortap, köseleç gulam aýakýalaň, baş açyk halda Togrul bege bakan ýylgyrjaklap gaty-gaty ýöräp ugrady. Gulam Altynjanyň inini jünbüşe saldy.

Altynjan Togrul bege bakan gönügen bu köseleç gulamyň ýüzi gülüp dursa-da, içinde tüweleý gopýandygyny onuň tebsiräp duran dodaklaryndan aňdy, onuň her bir ädimini, her bir hereketini mukytlyk bilen yzarlady, uly howpuň abanýandygyny on iki süňňi bilen syzyp, özi bilmezden begiň öňüne galkan bolmak üçin ylgamaga başlady.

Köseleç gulam sag elini donunyň içine sokanda onda bet matlabyň bardygyna Altynjanda birjik-de şübhe galmady, ol çirkin gygyryp, bege bakan ok bolup atyldy.

Gulam Altynjanyň wagşyýana gygyryp, begiň öňüne galkan bolmak üçin gelýändigini görüp aljyrady: ät galmazlyk üçin howlukdy. Begiň on-on iki ädim ýakynyna gelende çala sägindi-de, bege bakan ak saply hanjary bat bilen atdy. Altynjan özüni begiň üstüne oklady.

Altynjanyň badyna Togrul beg ýykyldy.

Hanjar yzda duran Halaç serkerdäniň döşüne çümdi.

Atan hanjarynyň bege degmändigine jany ýanan gulam goltugyndan ikinji hanjaryny çykaryp, begiň üstüne topuldy.

Altynjan Togrul begiň bilindäki hanjary çakganlyk bilen sogrup aldy-da, gulama bakan wazyrdadyp atyp goýberdi.

Hanjar köseleç gulamyň boýnuna çümdi. Ol sähel säginip boýnuna çümen hanjary batly sogurdy, boýnundan akýan gany seçeläp, ylgawyny dowam etdirdi. Uzak ylgap bilmän, entirekläp ýykyldy.

Köseleç gulama biraz salymdan güýç geldi, hokurdap ýerinden galdy. Şol wagt Kabyl ýetişip gelip, köseleç gulamyň depesinden şeşperini inderip, kelleçanagyny paçak-paçak etdi.

Togrul beg garysyna galyp, Altynjanyň hanjar zyňyşyny, köseleç gulamyň üstüne ýaraly ýolbars ýaly bolup topulyşyny görüp, aňk boldy.

Şirpenje Tabgaç bilen Anuşirwan Togrul begiň ýerden turmagyna tekge berdi.

Sähel salymyň içinde bolup geçen ahwalata ynanar ýaly däldi. Hiç kim bu ahwalatyň täsirinden çykyp bilenokdy.

Ähli kişi doňan ýaly bolup sarsman durdy.

– Begim, size hiç zad-a bolan däldir? – diýip, Anuşirwan saňňyl-saňňyl etdi, begiň üst-başynyň tozanyny kakyşdyrdy, oňa Kabyl-da ýardam berdi.

– Ýok, maňa bolan zat ýok.

Özüni dürsän Togrul beg töweregine garanjaklady. Onuň nazary Altynjanda saklandy. Beg oňa näme diýjegini bilmeýän ýaly, birpaýyz dymdy, başyny aşak saldy. Soň ýene töweregine garanjaklady. Nazary ýene Altynjanda saklandy:

– Sen meniň askudarymy nädäýdiň?

Altynjan nämä garaşsa-da, begden bu söze garaşmandy. Ol bege geň galyp seretdi.

Kabyl öz uýasyny hasam geň galdyrdy:

– Altynjan ýalňyşdy, size kast ediljek bolunýandyr öýtdi, hökümdarym, ýöne siziň ýakynyňyza guş gelse, ganatyndan, ýagy gelse, kellesinden mahrum bolar. Men size howp abanmagyna ýol bermerin. Siz meniň doganymyň günäsini geçiň, hökümdarym! Askudara men: «Beg ýanyna çagyrýança garaş!» diýip

buýrupdym. Olam garaşdy. Askudar ýanyňyza gelmekçi bolanda Altynjan ony tanamady. Onuň Altynjany öldürmek üçin atan hanjary-da Halajyň bagtyny ýatyrdy.

Halajyň ölümi bege agyr degdi. Ol serkerdä ertirden bäri etmeli işlerini birin-birin düşündiripdi. Indi ol düşündirişleriň boş geçdigi bolýar.

Serkerde Halaç ýaly ýigitleri ýetişdirmek aňsatmy näme? Onuň ýaly edermen, ugurtapyjy serkerdeler seýrek dogulýar. Ýöne çawyp gelen hanjar garaşman durkaň ömür tanapyňy üzäýýär. Ol hanjary Allatagalanyň saňa sary haçan göňderjegi belli däl...

Herhal, bolup geçen bu ahwalat goşunyň arasynda serkerde Halajyň janyna kast edildi diýlip ýaýradylsa ýerlikli boljak. Goý, gulamlar Togrul begiň, onuň hatyny Altynjanyň janyna kast edip boljakdygy barada pikirem etmesinler!

– Halaç batyr, gaýduwsyz serkerdedi. Ol gäwürleriň, karmatlaryň, zyndyklaryň [4], şerigat ýoluny bozýanlaryň üstüne ýolbars-babyr bolup topulardy. Ýöne Halajyň öz duşmanlary bardy. Bekdaş bilen Dürnazar birki gezek oňa hüşgär bolmagy tabşyrypdyr, ýöne Halaç geleň etmändir. Ol duşmanlary barada bize habar bermedi. Olar bilen özi haklaşmakçy boldy. Bizi habardar etmänden soň, biz Halajyň ýagylarynyň näme etjegini bilmän, ät galdyk. Halajyň duşmany üç aýlap yzyndan galman, amatly pursada garaşyp gezipdir. Her bir serkerdäniň Togrul begden ýaşyryn zady bolmaly däldir. Her bir serkerde Togrul begiň ganatynyň aşagynda berk goragda bolmalydyr. Halaçly ýagdaý indi gaýtalanmaly däldir.

Togrul begiň bu sözleri esgerleriň arasynda öwran-öwran sözme-söz gaýtalandy.

Altynjan begiň sözünden soň göwünli-göwünsiz haremine girdi. Haremde onuň ýüregi agzyndan çykyp barýardy: özüniň ýalňyşandygyna teý ynanyp bilenokdy.

Altynjan begiň diýen sözlerini içine sygdyryp bilmän, gaharyna titir-titir edýärdi, öwran-öwran hyrçyny dişleýärdi.

Altynjanyň bolşy özüni öldürjege meňzeýärdi.

Ol hanjaryny emaý bilen sypady, töweregine garanjaklady.

Onuň göwnüne ähli zatlaryň manysy gaçypdy.

Hana, sandyk-sandyk eşikler!

Hana, gymmatbaha şaý-sepler!

Olaryň bary indi Altynjana gerek däl. Ol öň egin-eşiklerine buýsanardy, gymmatbaha şaý-seplerine-de buýsanardy. Nika gijesinde Togrul begiň beren erkek eşigine-de buýsanardy. Indi ol zatlaryň gyzygy gaçdy.

Altynjan şu güne çenli ömründen razydy, ýöne indi ömrüň nämesinden razy boljak?

«Men ölsem, Kabyl bilen Anuşirwan Muhammet Togrul begi terk ederlermikä?! Belki, galarlar, bege gulluk ederler? Anuşirwan-a eder. Sebäp ol köşgi, soltanaty janyndan eziz görýär. Ýöne olary beg saklamaz, kowup goýberer. Ýa beg olary: «Meniň merhum hatynymyň doganlary» diýip hatyralarmyka? Hatynyny hatyralamadyk är onuň dogan-garyndaşynyny-da hatyralamaz. Meniň çiltenlerimiň güni nähili bolarka? Olaryň güni kyn-a bolar...»

Togrul gadyr bilenok!

Altynjan bolmasa, ol nähili ýaşar?

Ony öldürerler.

Altynjan bolmasa, ony uzak ýaşatmazlar: Sadyk tetelliler ýeke däldirler.

Haremiň daşarsynda kimdir biriniň ardynjyramasy eşidildi.

Begmikä?

Daşardaky ardynjyran kişi Togrul begiň gelýändigini habar berýän bolaýmasyn?! Ýok, begiň gelýändigi üç gezek ýuwaşja ardynjyramak bilen habar berilýär.

Daşardaky kişi iki gezek ardynjyrady.

Iki gezek ardynjyramak – bu Altynjanyň daşaryk çykmalydygynyň alamaty. Altynjan çykmalydygyny bilse-de, gurt bolup ýatyrdy.

Altynjan oňa üns bermedi, ýatan ýerinden gozganmadam.

Daşardaky kişi zol-zol ardynjyrady.

Barybir, Altynjan daşaryk çykmady.

Gapy açyldy.

Altynjan göwünli-göwünsiz gapa seretdi.

– Altynjan!

Altynjan Kabyly gözleri bilen dalady:

– Nä ýüzüňe geldiň?

– Ýüzüme näme bolupdyr meniň?

– Utançsyz!..
– Sen hakykatdan hem ýalňyşdyň, Altynjan. Sen hiç bir zadyň aňrysyna seretjek bolmaýarsyň. Sen mydama gyssanmaç. Batman bilen Tahyr neresseleri-de nähak öldüripdiň. Bu gün bolsa askudary nähak öldürdiň.
– Gözüme görünme!
– Saňa beglerbegi garaşýar!
– Näme?
– Togrul beg seni puta [5] çagyrýar!
Daşişikden Togrul begiň sesi eşidildi.
– Altynjan, bärik gel!
Altynjan ep-esli salymdan soň daşaryk çykdy.
Togrul beg putadan iki-üç arşyn çemesi ara daşlykda durdy. Ol duran ýerinden puta bilen aralygy ädimläp ölçemäge başlady. On-on bäş ädim ädip saklandy.
– Altynjan, hälki hanjar atyşyň şindem göz atuwymdan aýrylanok. Şol ussatlygyňy ýene görkez maňa.
– Hökümdarym, ýaşkak işimiz puta oýnamakdy. Nyşana atmakda Zamahşarda meniň öňüme geçip bilýän ýokdy. Altynjan hem menden köp zat öwrenipdi şonda – diýip, Kabyl göçgünli gürledi.
Ol ýene köp zatlary aýtjakdy welin, Anuşirwan gürleme diýen terzde onuň böwrüne hürsekledi. Soňam howlukmaç gürledi:
– Nyşana urmakda, begim, size taý geljek ýok. Men siziň ussatlyklaryňyzy darkaşlarda görüp ýörün ahyryn.
– Dogry, darkaşlarda görüp ýörüs.
Açyk meýdanda dikilen agaçdan nyşana urmak – puta üçin palawkädi asylypdyr.
Bir haşym begiň duran ýerine kiçeňräk sandyk getirdi. Sandygyň içi durşuna hanjardy.
Beg wezir-wekilleri Abylkasym Buýany, Ahmet Dehistany, Ýusup Bazyrgany, Dürnazar, Peýkam, Bekdaş, Şirpenje Tabgaç, Magmarany, Mübärek, Ýyldyrym Sebzewar dagy bilen durdy.
Emir Uhjury, Kabyl hem Anuşirwan dagy bolsa, bir ýerde durman iki ýana gaýmalaýardy. Olar begiň hoşuna gelmäge çalyşýardylar.
Togrul beg Altynjan gelensoň haşymyň saklap duran sandygyndan her eline bir hanjary aldy-da, olary ýeke-ýekeden puta – palawkädä atdy.
Iki hanjar palawkädä biri-birine ýanaşyk çümdi.
– Aperin! Aperin! – diýip, Anuşirwan ibn Tümen gygyrdy.
Togrul beg ýylgyrjaklap Altynjana ýüzlendi:
– Ýaňy aňk etdiň, başarnygyňy, hany, ýene görkez, Altynjan!
Altynjana begiň bolşy – sözleri gaty düşnüksizdi. Togrul beg hakykaty bilýär. Bilmeýän bolsa: «Hälki hanjar atyşyň şindem göz atuwymdan aýrylanok», «Ýaňy aňk etdiň, başarnygyňy, hany, ýene görkez» diýmez?! Rast, ökdelik görkezilip, aňk edilen bolsa, şol wagt minnetdarlyk bildiräýmeli eken-dä! Begiň bu sözleri Altynjana belli bir derejede teselli beren-de bolsa, ony doly kanagatlandyrmady, rahatlandyrmady. Ol özüniň aşa ökdeligini Togrul begiň gözüne bazyrdadyp basmak isledi: şu isleg bilen ýuwaşja ýöräp, elinde içi hanjarly sandyk saklap duran haşymyň ýanyna bardy, hanjarlary ýeke-ýekeden saldarlap gördi.
Altynjanyň aňynda bu mahal diňe bir pikir hökümdarlyk edýärdi. Ol hem Togrul bege göz görkezmek pikiridi, tyg zyňmakda özüniň begden ökdedigini aýan etmek isleýärdi, elbetde, hökümdardan ökdedigiňi görkezjek bolmagyň öz betbagtlygyňa bakan ädim ätmekdigi hakda Hajar hatyn, gör, näçe gezekler oňa janygyp-janygyp aýdypdy. Barybir, bu mahal özüniň ýöne-möne hatyn däldigini, hut öz ärinden ökdedigini her edip-hesip edip görene göz etmek hyjuwy öwç alyp, öz erkine goýanokdy. «Eger ökdeligim meniň etmişim bolýan bolsa, goý, meni soňundan öldüräýsin, ýöne özümiň ökdedigimi subut etmäge pursat döredeni üçin, men ondan minnetdar bolmaly. Men häzir maksadyma ýeterin. Özümiň ondan ökdedigimi subut ederin. Soň ölerin. Herhal, men maksadyma ýetip ölerin. Maksadyňa ýetip ölmek – bu Allatagalanyň ýalkawy. «Isle kynçylykdyr çykgynsyz ýagdaýa düş, isle-de hazynaly bol, höküm sür, barybir, bu bäşgünlük dünýäden gidersiň» [6] Eý, Biribar, iň soňky gezek ärimden rüstemdigimi aýan etmäge pursat ber!»
Altynjan masgara bolmazlygy, goldamagyny, göz görkezmegine goldaw bermegini Perwerdigärden pyşyrdap dileg etdi.
– Altynjan, pyşyrdap kim bilen gürleşýärsiň? – diýip, Togrul beg Altynjana gep gatdy.
Ol pyşyrdamasyny goýdy.
Daýysy Tümen beg göz atuwynda janlandy. Eline ýatagan alan ilkinji günlerinde Altynjana Tümen beg ýörite pent edipdi: «Eliňe ýatagan alyp, söweşmäge başlanyňda aňyňdan ähli pikiriňi-zikiriňi zyňyp

taşlamaly, bar ünsüňi söweşe bermeli. Garşydaşyň her bir hereketini, näme etjek bolýandygyny gözüň bilen däl, ýüregiň bilen görmegi başarmaly. Ine, şuny oňarsaň, ýeňiş ýylgaý seniňki bolar!» Bu pikiri Altynjana ömründe köp kişiler aýdypdy, Togrul beg hem aýdypdy.

Altynjan juda bir kösenmezden aňyndaky pikirleri aýryp taşlamagy başarýardy. Ol ýene aňyndaky pikirlerden saplanmak üçin gözlerini çalaja süzdi. «Altynjan, sen bege göz görkezmeli!» diýip, ol içinden bäş-alty gezek gaýtalady. Hanjarly eline seretdi.

Ol ynam bilen nyşana atmaga girişdi.

Birinji gezek atdy.

Ikinji gezek atdy.

Perwerdigär Altynjany her gezek goldady: onuň zyňan sekiz hanjary islän ýerinden çümdi. Olaryň biri Togrul begiň atan iki hanjarynyň arasyna çümdi, galany bolsa şol iki hanjaryň daşyna halkalaýyn aýlandy.

– Aperin! Aperin! Nähili takyklyk! – diýip, Abylkasym Buýany dillendi, bir nyşana, birem bege seretdi. Onuň bu sözüni duranlaryň köpüsi goldady, Altynjanyň halamaýan Peýkamy-da goldady, ýöne Kabyl bilen Anuşirwan seslerini çykarmady.

– Anuşirwan, Kabyl, siz hiç zat aýtmak isläňzokmy? – diýip, Altynjan çikjerip sorady.

– Melike, çoh takyk urduňyz! Aperin size! – diýip, ähli kişiden aýry duran emir Hapban Endikäni ýalym-ýulum etdi.

– Men Kabyl bilen Anuşirwanyň pikirini bilmek isleýärin.

– Gowy, gowy! – diýip, Kabyl zoraýakdan aýtdy.

– Anuşirwan, sen näme diýjek?!

– Gowy! – diýip, Anuşirwan ysgynsyzja seslendi.

Togrul beg sesini çykarmady: şondan soň Altynjan ýene haremine dolandy, içerik giren ýerinde aşak çökdi, bir çugdam bolup, başyny aşak salyp oturdy. Togrul beg içerik girende, aňk-taňk bolan dek gözlerini petredip ýerinden galdy.

– Altynjan, men bu gün atam Seljuk begiň asfury hanjaryny saňa hedýe berýärin.

Altynjan Togrul begiň uzadan asfury ýakutdan saply hanjaryny ör-gökden gelip aldy.

Beg hanjary näme üçin berýär?

Bu Seljuk begden galan miras ahyryn!

Seljuk beg ölmeziniň öň ýany hanjary ähli neberesini ýygnap dabaraly ýagdaýda Togrul bege beripdi:

«Bu hanjar maňa daýymyl-wagt rowaçlyk getirdi, daýymyl-wagt ýeňiş getirdi. Men saňa uly umyt baglaýaryn. Pederlerimizden galan şu mukaddes asfury hanjary saňa gowşurýaryn. Goý, bu hanjar saňa daýymyl-wagt ýeňiş getirsin!» diýip, Seljuk beg Togrul bege rowaçlyk patasyny beripdi. Şondan bäri Togrul beg asfury hanjary ýanyndan aýranokdy.

Bu gün şol mukaddes hasaplanýan hanjaryň Altynjana gowşurylmagy – bu Togrul begiň aşa uly ynamynyň, aşa uly mertebesiniň alamaty! Muňa kim düşünmese-de Altynjan düşünýärdi.

Altynjan näme etjegini bilmän esli salym dymdy.

– Jöwşenimi[7] çykarmaga ýardam berjekmi?!

Begiň eşiklerini geýindirýän, tikýän, haýsy gün haýsy eşik geýse, gowy boljagyny maslahat berýän ýörite hünärmenleri bardy. Altynjan olary halamazdy, dogrusy, olary begden gabanardy. Olaryň begiň geýinmegine ýardam bermegine döz gelse-de, çykarynmagyna welin, hiç döz gelip bilmezdi. Togrul begi ýalaňaç halda özünden başga ýeke kesiň hem görmegini islemeýärdi.

Togrul beg geýinmäge gaty uly üns berýärdi. Jamedaryň[8] sahyplygynda otuz-kyrk adam onuň diňe geýim-gejimi, geýnip ile çykmagy bilen meşguldy. Ol içki eşikde hiç kime görünmezlige çalyşýardy. Sähel salymlyk daşaryk çykyp gelmek üçin hem ol hökman howlukman geýnerdi.

* * *

Togrul begiň Seljuk begden galan asfury ýakutdan saply hanjary – döwletliligiň, mertebäniň hem-de hökümdarlygyň alamatydy. Bu alamatyň Altynjan melikä bagyş edilmegi döwletiň geljekki ykbalynyň şonuň bilen bilelikde çözüljekdigini aňladýardy. Bu aňlatmanyň hatda Togrul beg üçin aňasty bir närse bolan bolmagy-da ähtimaldy. Belki-de beýle däldir, beg özüniň näme edýändigini gaty oňat bilip, hereket edendir. Haýsy biri bolanda-da, wakanyň düýpli alamaty – manysy hem ähmiýeti göze görnüp durdy. Ýaşaýyş dowamaty iki ugur boýunça bolup geçýärdi – ýaşaýşyň ýüzündäki adatylyk hem-de onuň düýbündäki, teýindäki, çuňlugyndaky alamatylyk. Adaty ýaşaýyş gutaryp, adamyň hem halkyň durmuşynda aýratyn döwür başlananda, iki hili närse köpelýär: bir-ä, durmuşyň duýulyşy, kabul edilişi täsin howalylyga eýe bolýar, birem

alamaty zatlar ýygjamlaşýar. Birinjisi ýaşaýyş hyjuwynyň Asman giňligine tarap, ikinjisi bolsa onuň Zemin çuňlugyna baka joş urmasydyr. Şeýle pursatlar adam ömründe, şeýle döwürler halkyň taryhynda seýrek bolýar. Munuň özi ýaşaýyş ummanynyň girdabyndaky akymlaryň ugrunyň we tizliginiň ummany ýüzleýligindäki akymlaryň ugry hem tizligi bilen gabat gelmegidir. Bu gabatlaşykdan ýaşaýyş many, dünýä maza tapynýar. Togrul begiň hatyny babatdaky bu göze gözel görünýän hereketi diňe bary-ýogy gözellik däl. Ol türkmeniň geljekki beýik ykbalynyň çuňlugyndan gelýän tejelli.

* * *

Togrul beg uzynly gün adam kabul edýärdi. Onuň ýanyna gelýän adamlaryň yzy üzülmeýärdi: iş salyşýan adamlarynyň sany, hökümdarlyk edýän ýerleriniň çägi günsaýyn artyp gidip otyrdy.

Ol her gije ähli kişiden soň ýatardy.

Ýatanda-da uzak ýatmazdy. Bir görseň, ýaňy uka giden ýalydyr, ýöne biraz salymdan soň mirşepleriň arasynda aýlanyp, olara gözegçilik edip ýörendir ýa-da niredendir bir ýerden gelen çapar bilen gürleşip durandyr. Togrul beg çaparlary – gije-gündiziň haýsy wagty gelse-de, parhy ýok: «Bimahal geldiň» diýmän, kabul edýärdi, habaryny alýardy.

Beg gije uklap bilmedik bolsa-da, daňdan ähli kişiden öň aýak üstündedi. Hyzmatkärler, diňe hyzmatkärler däl, Altynjan hem köplenç begden ir oýanmaga çalyşýardylar, ýöne olar, barybir, begden ir turmagy başarmaýardylar.

Onuň uzynly gün, köplenç uzynly gije aýak üstündedigine, dynç almaýandygyna Altynjanyň nebsi agyrýardy, ýöne beg näçe köp işlese-de, gijelerine oňly uklamasa-da, özünde ýadawlyk duýmazdy.

Az uky bilen oňňut etmegi başarýan Togrul begiň käteler aýy ukusyna gidäýmesem bardy. Onuň aýy ukusy birki hepdeläp, käteler kyrk günläp dowam ederdi.

Dynç alýan günleri ol hareminden eger-eger çykmazdy. Nähili möhüm iş ýüze çyksa-da, geleň etmezdi. Altynjandan özge ýeke kişi bilenem gürleşmezdi. Altynjanyňam başgalar bilen gürleşmegini islemezdi.

Beg dynç almalaryny iki görnüşe bölýärdi: uly uky hem kiçi uky.

Onuň uly ukusy kyrk güne çekse, kiçi ukusy bir hepde töweregi dowam ederdi.

Begiň uklamasy-da, oýanmasy-da ýeňildi. Islän pursady uklamagy, islän pursady oýanmagy başarýardy.

Altynjan beg uly uka gidende ýatmakdan ýaňa ýadardy.

Togrul begde üýtgeşik bir başarnyk bardy: ol edil Mäne baba deýin, adamlaryň näme pikir edýändigini duýýardy, takyk bilýärdi.

Altynjan ýatmakdan ýaňa ýadandygy hakda oýlandy welin, Togrul beg bürgüt bolup onuň üstüne gerildi…

* * *

Olaryň ümleri, jynlary alyşýardy. Biri-birine sözsüz düşünişýärdiler. Özem bile bolanlarynda wagtlary bedew ata atlanan dek gaty çalt geçýärdi.

Beg käteler açylýardy. Ol:

– Zenanlar – pelegiň tagamy, manysy. Zenanlar – pelegiň gyzygy. Eger sen bolmasaň, kyrk günläp ýatybam bolmaz. Ýanyňda hatynyň bolsa, islendik işiň rowaç tapýar. Sen meniň rowaçlygym – diýip, Altynjanyň uzyn şamar saçlaryny öz boýnuna dolardy.

Bu begiň lezzet alýan zadydy.

Altynjan bolsa begiň murtundan ýolmagy gowy görýärdi.

Ýolmak hem ýoldurmak iki tarapa-da lezzetlidi.

Göräýmäge, murtdan ýolmakda güler ýaly hiç zat ýokdy.

Ýöne är-aýal üçin beýle däldi.

Olar gözlerini ýaşardyp gülşerdiler.

– Ýol, ýol! – diýip, beg buýrar.

– Ýok, ýok, gerek däl. Birden, öňki ýaly, burnuňyz ganaýmasyn.

– Ganamaz, ýoluber.

– Ýekejesinimi?

– Ýok, ikisini ýol!

– Aý, gerek däl!

– Men saňa buýurýaryn! Ýol!
– Agyrar!
– Goý, agyrsyn!
– Agyrmasyn!
– Barybir ýol!..

* * *

Togrul beg Altynjana seredip uzak oturdy.
– Nämä üçin seredýärsiňiz, begim?
– Eý, Altynjan! Allatagala saňa erkek kişiniň edermenligini, pähimini, hatynlaryň owadanlygyny, näzikligini beripdir. Soltan Mahmyt Ýusup atly bir aşa görmegeý oglany ýanynda saklapdyr, oňa seredip, kalbyna giňlik, röwşenlik tapypdyr, oňa seredip mylaýymlaşypdyr, gaharly bolsa köşeşipdir, oňa seredip tutan tutumy ýylgaý oňuna bolupdyr, ýeňiş gazanypdyr. Soltan Mahmydyň, biler bolsaň, şol aşa görmegeý Ýusup atly jahyly meniň üçin, Altyn gyz, sen! Seniň mübärek jemalyňy görüp saba bilen başlan tutumymyň şow tapmadyk ýekeje saparam ýok. Sen meniň asfury hanjarym! Meniň ýeňişlerimiň tumary – sen! – Togrul beg hatynyny birmeýdan synlap oturansoň, hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady: – Ýaşamak – söweşmek. Bu söweşde seniňki has kyn...
– Ýok, maňa kyn zat ýok.
– Häzir sen hakykaty aýtmaýarsyň. Sen meni biynjalyk etmezlige çalyşýarsyň.
– Siziň näme diýmekçi bolýandygyňyza düşünmeýärin.
– Sen meniň hatynym hökmünde köp zatlara özüňiň hukuklydygyňy, özüňiň naçar hatyn däldigiňi, beýik şahsdygyňy subut etdiň. Boýun alasymyň gelmeýän zatlarymy sen bile ýaşan bäş ýylymyzyň içinde ýüzüme basyp, boýun aldyrdyň. Sen şu gün meniň dünýäme diňe bir hatynym hökmünde däl, eýsem, nedimim, iň ýakyn maslahatçym hökmünde girdiň, özüňi ykrar etdirdiň. Sen meniň ýüregim! Indi öňüňde ikinji basgançak – iň kyn basgançak dur: sen indi özüňi meniň köşgümde – salamlygymda ykrar etdirmeli.
– «Ikinji basgançak» diýdiňizmi?
– Hawa, indi seniň öňüňde ikinji basgançak dur. Gö-räýmäge, begiň hatynynda hiç hili alada bolmajak ýaly, ýöne bu beýle däl. Köşkdäkileriň biri saňa göriplik eder, ikinjisi, bahyllyk, üçünjisi, günüňi bulamakdan lezzet gözlär. Wezir-wekilleriň aýallaram saňa ýaranjaňlyk edýän, seni gowy görýän ýalydyr, ýöne olaryň aňlaryndaky pikirler ötlem-ötlemdir. Sen indi wezir-wekillere, olaryň hatynlaryna özüňiň mynasyp ýerde oturandygyňy, her bir zady görýändigiňi, ýamanlyk edilen ýagdaýda ýagşylyga garaşmaly däldigini subut etmeli. Boş gürrüňler bilen ýüregimi çişirip, çagajygymyzyň ölümine sebäp boluşlary ýadymdan çykanok meniň, çykaram öýdemok.
Altynjan biygtyýar dillendi:
– Kimdi şol?
Togrul beg birsellem dymdy:
– Geçeniň geçdigi bolsun, köne saman sowurmaly.
– Men onuň kimdigini aňýaryn.
– Kim?
– Ýyldyrym Sebzewar bolmaly ol!
– Ýok, ýok, ol däl! Sebzewar meniň şatlygym, gülkim. Ol degişýär, ýöne gybat etmeýär. Men oňa bäş barmagym ýaly belet.
– Şol, şol! Onuň bar maksady meniň şowsuzlygym. Onuň dilini kesmeli, dilini!
– Altyn gyz, sen maňa yşan, nähak töhmet erbet zat! Dogry aýdýarsyň, Ýyldyrym Sebzewar biraz köpräk gepleýär, ýöne ol saňa, maňa juda wepadar. Men ony kän gezekler synagdan geçirdim. Sen giň bol! Geçeni geçdi bil! Biziň günümiz gowy. Mundan beýlägem gowy bolar. Men öz maksadymy saňa gürrüň berdim ahyryn! Nesip bolsa, göwnümizdäki ýaly bolar, Reýde [9] ýaşarys. «Adamlara peýdaly zat bolsa, onuň dünýäde galjakdygy» [10], ýöne ýere aýdylmandyr. Biziň bitiren işlerimiz baky galar. Men saňa uly umyt baglaýaryn, Altyn gyz!
– Men düýrmegim bilen rowaçlyk isleýärin.
– Men bilýärin, Altyn gyz. Men seni indi bu gün tanamaly däl-ä! Ýöne käbir zatlarda ahmyrym bar.
– Ahmyr geljege güýç berýär.
– Şol güýç özümize garşy bolmasyn!
Iki göreç biri-birini ezizledi, olar biri-birine sözsüz dü-şündiler.
Ýürekler bir bolanda söz gerek däl eken. Söz ýürekler biri-birinden daşlaşandan soň dörän bolmaly.

## Ýedinji hekaýat

## GYLYÇ ÝA KEPEN DÄBI

Soltan Masut Nusaýdaky masgaraçylykly ýeňlişden soň, gaçyp gider ýaly etmek üçin agyrdan-agyr salgyt salandygyna, seljuk begleriniň islegini kanagatlandyrmandygyna – düşleg bermändigine ökünmek ökündi, gulamlarynyň, wezir-wekilleriniň, serkerdeleriniň bu ýeňlişden soň ýüreklerinde seljuklylardan gorkynyň galandygyna göz ýetirdi. Gorky bilen ýeňiş gazanyp bolmaz, ýöne gorkyny nädip aýyrmaly?!

Gaznaly gulamlar bu söweşe juda uly umyt baglapdylar, çünki soltan darkaşa gatnaşan, darkaşda tapawutlanan her bir gulamy sahylyk bilen sylaglamak hakda ýörite perman beripdi. Şol perman esasynda goşunyň gapdaly bilen üç ýüz araba ýüküň – altynyň, her hili gymmatbaha baýlyklaryň alnyp barylýandygyny, şol arabalardaky baýlyklarda özleriniňem paýlarynyň bardygyny gulamlar bilip-görüp durdylar ahyryn. Şol baýlyklara eýe bolmak hyjuwy bilenem olar Nusaýda gaýduwsyz söweşipdiler, ýeňşem gazanypdylar, ýöne darkaşdan soň, ýaraglaryny beýlede goýup, ýaňy arzyly sylaglaryna gowşan pursatlary seljuk esgerleri üstlerine ýaz çabgasy bolup, ýok, ýok, has takygy, Ezraýyl bolup dökülipdi. Soltanyň gulamlary oljalaryny ýerde goýup, ýaraglaryny ele almaga-da ýetişip bilmediler. Gulamlaryň arasynda arzyly ýeňişden soň dynç almak maksady bilen ýaňy uka batanlary-da bardy. Olaryň şol ukulary baky uka öwrülipdi.

Üstüne Ezraýyl abanyp geliberse, adam görgüli nätsin?! Ol gaçmak bilen bolýar. Seljuk atlylaram gaznaly gulamlara gaçmagy ýeke-täk çykalga hökmünde zol-zol ýatladýardylar.

Gaznaly gulamlar baş-başa, jan-jana bolup gaçdylar. Seljuk atlylary bolsa, gaçyp barýan görgülileri ýeke-ýekeden pürrelediler!

Nusaý söweşindäki masgaraçylyk soltan Masudy endiretdi, gijelerine rahat uklap bilmedi.

Seljuklylar bilen bellisini bilmeli!

Uly goşun jemläp, olary düýt-müýt etmeli!

Haşar ýygnamaly!

Nusaýda gorkan soltan gulamlary seljuk esgerleri bilen ikinji gezek ýüzbe-ýüz söweşmäge gujur-gaýrat taparmykalar? Soltan üçin iň erbet ýeri, «Seljuk esgerleri ýeňilmezek. Çünki olaryň arkasynda Allatagala dur» diýen hopukdyryjy myş-myşlar jik-jiki ýaly ondan-oňa bökýärdi: dilden dile geçýärdi. Soltan bu «myş-myşyň» seljuk begleri tarapyndan ýörite ýaýradylýandygyny bilýärdi, ýöne ol «myş-myşlaryň» nädip öňüni aljagyny bilmeýärdi.

Bu günem, ine, Çagry begdir Togrul begiň adyndan ýazylan haty soltana getirip gowşurdylar. Hatda seljuk begleriniň uruş islemeýändikleri, gaýtam, soltana wepalylyk bilen hyzmat etmekçidikleri nygtalýardy: «Eý, mülk we döwlet eýesi bolan Alla, Sen islän kişiňe mülk berýärsiň we islän kişiňden ony gaýtaryp alýarsyň. Sen islän kişiňi eziz, güýçli, islän kişiňi bolsa har-zelil edýärsiň. Ähli ýagşylyk ýalňyz seniň eliňdedir. Sen ähli zady başarýarsyň». [1]

Togrul begiň gönderen hatyny okan soltan Masut seljuk beglerini haýbat bilen gorkuzyp bolmajakdygyna düşündi. Haty baş diwanynda maslahata goýdy. Onda seljuk begleriniň hatda soralyşy esasynda üç bege: Togrul bege, Çagry bege we Musa bege üç welaýatyň berlendigini ykrar etmek makul bilindi. Üç welaýaty seljuklara soltan Mahmyt ykta beripdi, ýöne ony ogly soltan Masut ykrar etmän ýördi. Bu gün üç bege üç welaýatyň berlendigini ykrar etmek ýeke-täk dogry çykalga hasaplandy. Şeýdip, ýamandan boýnuňy satyn almak islediler. Soltanyň külah menşurlaryny [2] Bu Nasr Mişkan taýýarlady. Şol külah menşurlar boýunça:

Nusaý welaýaty – Togrul bege;

Dehistan welaýaty – Çagry bege;

Farawa welaýaty – Musa bege berildi.[3]

Her welaýat boýunça aýratyn perman, şeýle hem her bege aýratyn beglik dony, tug taýýarlanyldy.

Soltanyň Sini atly wekili Nusaýa ýörite geldi. Togrul bege, Çagry bege, Musa bege üç welaýatyň resmi taýdan berilýändigi hakdaky kulah menşurlaryny ýörite gowşurdy. Perman esasynda üç seljuk begi soltanlygyň raýatlygyna kabul edildi. Şeýle hem olara daýhan [4] unwany berildi.

Daýhan unwanyny alan begleriň özlerine berlen welaýatlarda doly ygtyýarly adamlardygy şalyk tarapyndan resmileşdirildi. Sini üç bege öz welaýatlarynda ýüze çykan meseleleri isleýişleriçe çözmäge doly ygtyýar berilýändigini gaýtalap-gaýtalap aýtdy.

Ol üç daýhana – bege soltanyň aýdan başga-da bir pikirini mälim etdi: soltan seljuklylara Jeýhunyň kenarlaryna göçüp barmaklaryny maslahat berýär; ol ýerlerde seljuklylara bu ýerlerdäkiden has amatly mümkinçilikleri, şertleri döredip berip biljek. Sini welaýat daýhanlarynyň her birine aýratynlykda birmeňzeş iki şahly lat, ýagny telpek, aýratyn eşik, bedew at, eýer, guşak, şeýle hem egin-eşik tikdirip geýmek üçin otuz görnüşli mata gowşurdy. Ýöne üç seljuk begi özlerine berlen egin-eşikleri, iki şahly laty, permany soltanyň wekiliniň gözüniň öňünde oda ýakdylar [5].

– Soltan Mahmytdan özüne mynasyp är nesil galmady. Ogly Masut nanýagy. Ol keýpi-sapadan – şöwhetden başga hiç bir zady bilmeýär. Goý, ol Gaznada keýpi-sapada ýaşabersin. Beýik babasynyň hatyrasy üçin biz ony öldürmeris, tagtdan-da düşürmeris, Gazna ýöriş hem etmeris. Ýöne indi Horasany ýadyndan çykarsyn. Çünki Horasan biziňki! – diýip, Togrul beg Sini wekile aýtdy.

Bu habary soltana doly aýtmaga Sininiň gaýraty çatmady, ýöne ol bolan wakalaryň gylyny gyşartman beýik hoja Ahmet-i-Abd-as-Samada ýetirdi.

Sininiň habary ýetirilmedik hem bolsa, soltan seljuk begleriniň edýän ähli işlerinden habarlydy, çünki Horasan sahyp beriddinden hem sahyp diwanyndan oňa günde-günaşa ýowuzdan-ýowuz habarlar gelip durdy. Ähli zada ygtyýary ýetýän soltanyň seljuk beglerine ygtyýary ýetenokdy. Köşkde hem şolardan başga gürrüň ýokdy. Muňa onuň jany ýanýardy. Gijelerine ýatman, çykalga gözleýärdi, Hajy Mälige [6] öwrülen seljuk beglerini ýok edip biljek kişä soltanlygynyň gylla ýaryny bermäge razydy.

* * *

428-nji hijri ýylyň muharrem aýynda[7] soltan Masudyň diwanyna seljuk beglerinden ilçiler geldi. Seljuk ilçileriniň biri öň samanly şalygynyň köşgünde işlän buharaly ulama Seýit Rawendidi, ikinjisi bolsa Togrul begiň nedimi emir Mübärekdi.

Iki ilçini ilki weziriň diwanyna eltdiler. Olary beýik hoja (wezir) Ahmet-i-Abl-as-Samat kabul etdi.

Seljuk ilçileriniň getiren hatynda Çagry beg bilen Togrul begiň serdarlygyndaky seljuk jemagatlarynyň Horasandaky akynlarda elleriniň ýokdugy, ol akynlary başga toparlaryň edýändikleri, özleriniň parahatçylykly, ylalaşykly, agzybir durmuşyň tarapdarydyklary, şeýle durmuş ugrunda göreşýändikleri, bu islegiň amala aşmagynda soltana ýakyn ýardamçy bolmak isleýändikleri, ýöne bu isleginiň amaly üçin özlerinde hiç hili şertiň ýokdugy, ýagny soltanyň özlerine beren ykta ýerleriniň juda azlyk hem darlyk edýändigi, şonuň üçinem özlerine Merw, Sarahs welaýatlarynyň berilmeginiň zerurdygy, mundan-da başga, özleriniň ygtybarly ýardamçy-goragçy bolmaklary üçin käbir zatlaryň ýola goýulmalydygy: ilki bilen, soltanyň öz sahyp beridlerini, sahyp kazysyny, sahyp diwanyny Etege ugratmagynyň, olaryň ilatdan salgyt-mal bistegany ýygnap bermekleriniň möhümdigi, ýygnalan salgytlaryň hasabyna özleriniň Horasandaky topalaňçylary sebitden kowup çykarjakdyklary aýdylýardy[8]. Hatyň soňunda soltanyň hajyby Sübaşynyň Nyşapurda we Hyratda goşun jemleýändigi, eger şol goşun seljuklylaryň üstüne çozmak maksady bilen jemlenýän bolsa, onda özleriniň mejbury ýagdaýda goranmaly boljakdyklary, ol goşuny kül-peýekun etjekdikleri, bu masgaraçylykly ýeňlişiň soltanlygyň abraýyny has-da pese düşürjekdigi, soltanlygyň düşjek wejera gününe özleriniň gynanjakdyklary, bu duýduryşyň boş duýduryş däldigi, diňe päk niýetli, dostana duýduryşdygy sypaýyçylykly ýaňzydylýardy.

– Kimmiş olar maňa akyl-duýduryş berer ýaly? – diýip, soltan Masut gazaplandy.

Seljuk beglerine geregi-de şoldy…

* * *

Seljuk begleri soltanyň goşuny bilen entek-entekler açyk darkaşa girmezlik, diňe gaçyp söweşmek – türkmeniň gadymy ur-gaç harby tilsimini ulanmak, howsala salmak hakda öz aralarynda ylalaşypdylar.

Olaryň Horasanda abraýynyň hem däsiriniň artýandygyna jany ýanýan soltan Masut seljuklylary ýok etjekdigine açyk göz ýetirse, bir günem durjak däldi, gitjekdi, tüýdüm-tüýdüm etmekçidi, bu maksadyna ýetmegi üçin ol hiç bir zatdan hem gaýtjak däldi, ýöne onuň ýeňşe ynamy azdy, il arasynda soltanlyk üçin döş gerjek adamlaryň köp däldigini bilýärdi. Welaýatlaryň raýisleri, amidleri diňe öz bähbitleri bilen başagaýdylar. Duza gaçan hem duz boljak eken. Soltan keýpi-sapany, agyr-agyr meýlisleri gowy görensoň, welaýatlaryň dikmeleri-de onuň ýoluny tutýardylar, günde-günaşa meýlis guryardylar, hanafy mezhebine daýanyp, serhoşlykdan aňsat-aňsat açylmaýardylar[9]. Ýarym ýalaňaç zenanlara rakys oýnadyp, aýdym aýtdyryp, göwünlerini hoşlaýardylar. Soltanyň permanlaryny ýerine ýetirmäge olarda wagt-da ýokdy, höwes-de.

Seljuklylar bilen söweşip ýeňiş gazanjagyna ynamy berk bolmandan soň, soltan ýeňiş gazanjak ýerine – Hindistana ýörişe ugrady.

Ol Hindistana gidensoň wezirler we döwlet işgärleri özara geňeşdiler: «Seljuklylara geleň etmezlik – Horasanda olaryň işleriniň rowaç almagyna, köp güýç toplamagyna, berkemegine mümkinçilik döretmek. Olar Horasana ýylsaýyn berk ornaşýarlar, güýçlenýärler. Birki ýyl towuklaryna tok diýilmese, olar has hem güýçlenerler, biziň üstümizden öz hökümdarlyklaryny gurarlar. Bu sähel üşügi bar adam üçin düşnükli. Olar tiz wagtdan Horasanyň ähli ýerini eýelärler, soň biziň aýaga galmagymyz peýdasyz bolar. Seljuklylar Horasany doly eýelänlerinden soň, Gazna ýöriş ederler. Şol wagt olary saklamaga biziň küşdümiz ejiz geler. Häzirkimiz ýaly işsiz oturmagymyzy, aýdym-saz, keýpi-sapa bilen wagtymyzy geçirmegimizi häzirlikçe bes edip, seljuk kellagyrysyny aradan gutarnykly aýyrmasak, ertirki gün bize masgaraçylykly ölüm garaşýar».

Wezir-wekiller pikirlerini Hindistandan uly ýeňiş, uly olja bilen dolanan soltana aýtdylar.

Wah, görgüli!

Hindistana gitse, seljuk kellagyrysy – meselesi öz-özünden çözüläýjek, öz-özünden aradan aýrylaýjak ýalydy, ýöne ol öz-özünden çözülmedi, soltanyň bagryny iýýän gurt boldy.

* * *

Seljuk jemagatlarynyň öňki eden weýrançylyklary az görlen deýin, soltana Gyzyl başbuguň, Ýagmyr başbuguň Reý şäherinde edýän talaňçylyklaryny habar berdiler.

Soltan Reýdäki bozgaklaryň soňuna çykmak üçin öz hajyby Subaşyny «Yrak oguzlary» diýlip tanalýan seljuk başbuglary Gyzylyň hem Ýagmyryň jemagatlarynyň üstüne ugratdy. Merdawij atly uly emirini hem hajybynyň ýanyna goşdy.

Subaşy Reýde garşydaş tapmady, ol ýerde seljuk jemagaty ýokdy. Sebäbi Gyzyl bilen Ýagmyr bir ýerde uzak durmaýardylar.

* * *

Subaşy Hyratda, Nyşapurda dynç alyp, Çagry begiň üstüne – Merwe ýöriş etdi. Üç günde Merwe ýetdi.

Subaşynyň goşuny ýadawdy.

Çagry beg olaryň ýadawlygyndan peýdalanjak bolmady, öňünden çykmady. Salyr Gazan usulyny ulandy: şäheri boşadyp, çöle çekildi.

Hajyp Çagry begiň yzyndan kowup ugrady.

Çagrynyň maksady-da hajybyň gulamlary bilen gaça söweş etmekdi. Onuň esgerleri Merwiň töwerek-daşyna beletdiler. Şonuň üçin olar hajybyň goşunynyň garaşmadyk ýerinden zompa çykyp, hüjüm edip, her gezek köp adamy öldürýärdiler, köp mukdarda olja edinýärdiler.

* * *

Seljuklylar üçin çomry ýaşaýşynda ýaşamak mümkin däldi. Sebäbi gaznaly gulamlar obama-oba aýlanyp ýördüler. Olarda rehim-şepagat ýokdy, iň soňky kesemen tötegiňe çenli eliňden gaňryp alýardylar, egniňdäki eşigiňe çenli «salgyt» diýip, «paç» diýip sypyrýardylar. Şeýle bolansoň seljuklylaryň öýüdir rozysy atyň üstündedi. Ýorgan-düşegi, iýip-içjek owkady atyň ganjygasyndady.

Parahat ýaşaýyş ýokdy.

Ýaşamak welin gerekdi.

Gürrüň on-on bäş adam hakda gidenokdy, ähli kynyk neberesi, jemagatlary hakda gidýärdi.

Gürrüň Horasandaky ähli türkmenler hakda gidýärdi.

Näme etmeli?

Nirä gitmeli?!

Elbetde, nirädir bir ýere gidip bolar. Nirä?! Ähli barjak ýerleriň gaznaly soltanlygyna tabyn, diýmek, sen nirä barsaňam, soltanyň rahat ýaşatmajakdygy görnüp dur.

Ýeke-täk bir ýol bar.

Ol ýol – Oguz hanyň gylyç ýa kepen ýoly!

Oguz han bu däbi pederlerine ýöne ýere ýol-resim edip galdyrmandyr. Bu resim maksadyňa gowşurýar.

Gylyç ýa kepen ýoly näme?

Ol dogan-garyndaşlaryň bilen hoşlaşmak, hatynlaryňa talak berip, ölümiňi boýun almak, mydama täretli bolmak, egin-eşikleriňi çykaryp on alty gary biýze çolanmak hemem eliňe gylyç alyp: «Ýa Alla!» diýip, duşmanyň üstüne topulmak, ýa ölmek ýa-da ýeňmek!

Gylyç ýa kepen ýoly şu!

Ilki bilen-ä, soňundan ýapmasy kyn düşjek gapyňy açmaly däl. Rast, gapa el uzatdyňmy, ony açmagy-da, ýapmagy-da başar. Oguz ýurduny eýelemek – ony soltan Masutdan almak üçin eliňe gylyç aldyňmy, orta ýolda böwrüňe diň salma! Ýa al, ýa öl! Türkmende: «Gaýtmyşym» diýen zat öňem bolan däldir, häzirem ýok, soňam bolmasa gerek! «Gaýtmyşym» edýän türkmen däldir!

Ölen şehit bolar, ölen ýerinde depin ederler. Depin etmek üçin ýuwmak hökman däl, çünki ol öňden täretli. Kepene çolanmak hökman däl, çünki egninde on alty gary biýzi – kepeni bar.

Oguz hanyň gylyç ýa kepen resimi – ýa ýeňmeli, ýa ölmeli diýildigi bolýar.

Bu pikir soňky döwür köp gaýtalanýardy.

Bu seljuk beglerine makul görnen ýeke-täk pikirdi.

Şu babatda geňeşmek üçin ähli seljuk begleri, ähli seljuk başbuglary Merwiň etegine geldi. Gelenleriň arasynda musulmanlaryň göz-guwanjy, görnükli akyldar Abu Seýit Abylhaýyr hem bardy.

Parawly Parawbibiniň maslahatyndan soň, Çagry beg bilen Togrul beg Abu Seýidiň dergähine barypdylar.

Abu Seýit Parawbibiniň sözlerini gaýtalapdy:

– Men size ýedi ýyl bäri garaşyp otyryn.

Belli pir seljuk beglerini ganatlandyrdy: gaznalylara garşy baş göterse, seljuklylaryň hökman ýeňiş gazanjakdyklaryny, öz döwletlerini döretjekdiklerini, söweşlerde Allanyň ýaran boljakdygyny gaty ynandyryjylykly aýtdy.

Pir Togrul begiň hatyny Altynjany ýanyna çagyrdy, oňa aýratyn pata berdi. Ýakut daşlaryndan edilen monjugy engam etdi. Ol:

– Monjugy dakyn! – diýdi.

Altynjan monjugy dakynandan soň, pir ýene aýat okady, ýagşy dilegler etdi. Soňundan oňa gyzgylt taýlesan engam etdi. Altynjan çoh-çoh minnetdarlyk bildirip, taýlesany egnine atdy.

Bu gün pir pata bermek üçin Merwe Mähneden ýörite gelipdi.

* * *

Geňeşe Çagry beg kethudalyk etdi:

– Doganlar, gaznalylardan ýaňa bize gün ýok. Biz adam ýaly ýaşamak isleýäris, ýöne olar bizi bilgeşleýinden agyr güne salýarlar, agyr salgyt salýarlar. Olaryň bize salýan salgydyny Balh welaýaty üç ýylda berýär. Gaznalylaryň maksady düşnükli, bizi gyrmak, ýok etmek! Biz kysmata kaýyl bolup, başlarymyzy çapgy agajyna goýmalymy?..

Çagry begiň sözüni böldüler, seljuklylar ýerli-ýerden gygyryşdylar:

– Gylyç ýa kepen!

– Gylyç ýa kepen!

Togrul beg ýerinden turdy:

– Gylyç ýa kepen!

Musa beg ýerinden turdy:

– Gylyç!

Ähli seljukly Musa begiň sözüni gaýtalady.

– Gylyç!

– Gylyç!

– Gylyç!

Geňeş uzaga çekmedi. Gaznalylaryň eden-etdiliginden ýaňa janlary ýanyp duran seljuklylar ölümlerini boýun alypdylar, garpyşmak, ar almak isleýärdiler. Sebäbi bu ýere ýygnananlaryň arasynda gaznalylardan zulum görmedigi ýokdy. Olaryň biriniň atasy, beýlekisiniň agasy, ýene biriniň inisi, başga biriniň ogly gaznalylaryň pidasy bolupdy.

Gaznalylar Muhsin Taky öldürdiler.

Ysraýyl Arslan hany öldürdiler. Onuň ýanyndaky ýüz elli ýoldaşyny öldürdiler.

Zamahşarda sekiz müňe golaý seljukly öldürildi!

Barat Alçak öldürildi!

Güneş öldürildi!
Sibir öldürildi!
Nasyr öldürildi!
Nusaýyň eteginde gor, nijema seljuklyny öldürdiler.
Seljugyň gül ýaly ýigitleriniň bir müňe golaýy Sarahs ýolunda gaznalylaryň elinden wepat boldy...
Seljuklylar gaznalylardan kän-kän sütem gördüler.
Seljuklylar sebäpli Altynjanyň hossarlary Abdylmälik han bilen Hajar hatyn wagşylyk bilen öldürildi.
Altynjanyň dogany Habyl dardan asyp öldürildi!
Zamahşaryň ilatynyň tas ýarysy öldürildi.
Abdylmälik hanyň öýündäki hyzmatkärler uçdantutma gyryldy.
Altynjanyň akgyzy Gülýüzli, daýzasy Şaýürek öldürildi...

* * *

Seljuklylaryň aýaga galmaly, mundan buýanky ýaşaýşynyň kepili üçin göreşmeli müddeti geldi.

Murgabyň kenaryna haýsy maksat bilen jemlenilişendigini bu ýerdäkileriň ählisi bilýärdi. Olaryň aňynda ýeke-täk bir pikir bardy: ol hem ähli kişiler bilen jem bolup, kasam etmek – gylyç ýa kepen resimine girmek, pir Abu Seýidiň rowaçlyk patasyny almak.

Abu Seýidiň rowaçlyk patasyny berjekdigi seljuklylaryň ynamlaryna ynam goşýardy.

Seljuklylar Merwden iki mil daşlykda, Murgabyň kenarynda jemlenişipdiler.

Alabahar paslydy, çeti-çerkezleriň aşaklarynda gyrtyçdyr ýuwa ýaňy ýeriň ýüzüne düşek bolup ugrapdy.

Bu ýere gelen adamlar köpdi, olaryň aňrysyna-bärisine göz ýeter ýaly däldi.

Adamlaryň hersi bir iş bilen başagaýdy. Olar topar-topar bolup ornaşypdylar. Kim atyna iým berýärdi, kim ot ýakmak bilen gümrady, telpeklerini, peşlerini ýassyk edinip ýatanlaram, üýşüşip naharlanýanlaram köpdi.

On-on bäş sany adam bolsa, toparyň içinde aýlanyp, gelenleri hasaba alyp ýördi.

Garaňky düşmegi bilen uludan ýakylýan otlaryň sany artdy.

Adamlar oduň daşyndan aýlanyp, Perwerdigäre mynajat aýdýardylar:

– Ýa Hu, medet ber!

– Ýa Hu, ýeňiş ber!

– Ýa Hu, enaýat eýle!

Bu mynajatlar birsydyrgyn gaýtalandy.

Dolan Aý dogansoň ortada ýanýan ody has-da ulaltdylar.

Üç müňden gowrak kişi ellerini Aýa uzadyp, başky mynajatlaryny gaýtalady:

– Ýa Hu, medet ber!

– Ýa Hu, ýeňiş ber!

– Ýa Hu, enaýat eýle!

Bu gije sähetli gijedi.

Bu gije mynajatlaryň, islegleriň wysala gowuşýan gijesidi.

Gün – Hudaý!

Aý – Hudaýyň jübüti!

Aý – hökümdarlyk.

Aý – goşun, güýç.

Dolan Aý – hökümdarlyga, rowaçlyga ýol açýar, ugrukdyrýar.

Müneçjim Sowmagynyň aýtmagyna görä, şu günki dilegiň wysal tapmagy bilen seljuklylaryň uly mertebä ýetmegi ähtimaldy.

Seljuklylar oduň daşyndan aýlanyp, bir oda, birem Aýa ellerini uzadyp mynajat edýärdiler, özlerine medet, mertebe, soltan Masutdan rüstem gelmekde kuwwat bermegini dileýärdiler.

Elleri golçaly sakylar, şerapdarlar bolsa seljuklylaryň arasyna aýlanyp, olaryň jamlaryna meý guýup berýärdiler.

Wagt geçip durdy.

Wagt daňdana sandy.

Uklajak bolýan ýokdy.

Birden hereket togtady.

Üç beg – Çagry beg, Musa beg, Togrul beg öňe saýlandy. Olar batly ses bilen gygyrmaga başladylar:
– Ýa Hu, gylyç ýa kepen!
– Ýa Hu, gylyç ýa kepen!
– Ýa Hu, gylyç ýa kepen!
Ähli kynyk ýigitleri üç seljuk beginiň sözüni gygyryp gaýtalady:
– Ýa Hu, gylyç ýa kepen!
– Ýa Hu, gylyç ýa kepen!
– Ýa Hu, gylyç ýa kepen!
Üç seljuk begi ýene batly gygyrdy:
– Ýa Hu, Gaýa neberesinden rüstem gelmäge medet ber!
– Ýa Hu, Gaýa neberesinden rüstem gelmäge medet ber!
– Ýa Hu, gylyç!
– Ýa Hu, Horasana hökümdarlyk etmäge medet ber!
Kynyk ýigitleri üç seljuk beginiň aýdan sözlerini üç mertebe gaýtaladylar.
Togrul beg, Çagry beg, Musa beg egnindäki eşiklerini çykaryp, lowlap ýanyp duran oda taşlady. Çuw-ýalaňaç bolan seljuk begleri Murgap derýasyna bakan gönükdiler.
Maksat – tämizlenmekdi, täretli bolmakdy.
Suw buz ýaly sowukdy, ýöne «Suw sowuk eken» diýýän ýokdy.
Üç seljuk begi derýada tämizlenip kenara çykdy.
Olaryň her birine on alty gary biýz mata berildi. Olar biýz mata – öz kepenliklerine dolanyp, oduň başyna bardylar.
Oduň başynda belent mertebeli Abu Seýit Abylhaýyr bardy. Ol ýanyna gelip duran üç seljuk begini ýeke-ýekeden gujaklady. Olara hoşamaý sözlerini gysganmady. Şondan soň tämizlenmek gezegi esgerlere ýetdi. Esgerler nyzama düzülip, ýeke-ýekeden Murgap derýasyna girip ugradylar.
Olar derýa girip tämizlenýärdiler.
Suwdan çykanlarynda bolsa, olara on alty gary biýz – kepen berilýärdi.
Her esgeriň suwa düşüp tämizlenmegi, on alty gary biýz mata dolanmagy bilen jahan mazaly ýagtyldy.
Abu Seýit Abylhaýyryň ýaşynyň segsene ser urandygy – garrandygy duýulýardy: eli hasalydy. Boýy biraz hökgeren, uzyn ak sakgally, inçesagt gojanyň elinden tutup, öz bedewine mündürdiler.
Allama ýüzüni kybla – Käbä tutup durdy. Onuň atyny jylawdarlar saklaýardy.
Akyldaryň öňünde üç seljuk begi – Musa ýabgu, Çagry beg, Togrul beg ikidyz bolup oturdy. Her bir seljuk beginiň bir elinde ýaý, beýleki elinde bolsa gylyç bardy.
Her bir hereket üç sany nagaranyň sazlaşykly kakylmagy bilen dabaralandyrylýardy. Akyldaryň ata münmegi, Käbä bakyp durmasy, onuň öňüne ak pata almak üçin üç seljuk beginiň ýeke-ýekeden gelip, ikidyz oturmagy, olaryň ellerine gylyç bilen ýaý berilmegi nagaranyň düňňürdileriniň astynda geçdi. Nagaralaryň kakylmagy gylyç ýa kepen resiminiň geçirilişine dabaralylyk, resmilik, mukaddeslik berýärdi.
Akyldar Abu Seýit seljuk beglerine rowaçlyk patasyny [10] berdi, soň atdan düşdi, her seljuk begini täzeden gujaklady.
Seljuk begleri görnükli akyldaryň öňünde tagzym etdiler, öz minnetdarlygyny bildirdiler, ellerini Asmana serip gygyrdylar:
– Ýa Hu, medet!
– Ýa Hu, medet!
– Ýa Hu, medet!
Abu Seýit Abylhaýyryň patasyndan soň, dünýä göýä ýalkym, tejelli çaýlan ýaly boldy, diňe bir üç seljuk beginde däl, üç müňden gowrak esgerde-de güýç-gaýrat goşalandy.
Patadan soň, diňe bir üç seljuk beginde – Musa begde, Çagry begde, Togrul begde däl, üç müňden gowrak esgerde gaznaly goşunyny ýeňjekdiklerine ynam goşalandy.
Abu Seýit geljegi öňünden oraşan görýän pir ahbetin!
Abu Seýidiň patasyndan soň, heý, işiň rowaç almazmy?!
Onuň her bir aýdan sözi amal alýar!
Ol aýtsa – Hak aýdýar!
Esgerler biri-birine buýsançly bakdylar.
Olar üç seljuk beginiň sözüni üç mertebe gaýtaladylar:
– Ýa Hu, medet!
– Ýa Hu, medet!

– Ýa Hu, medet!
Togrul beg ýanyna getirilen atyna böküp mündi, ýataganyny bulaýlap, daş-töweregindäkilere ýüzlendi:
– Byradarlar!
Birpaýyz dym-dyrslyk boldy.
Bu dym-dyrslyk ýöne bir dym-dyrslyk däl eken, ol esgerleriň batly gygyrmak üçin howany uludan demlerine soran pursady eken:
– Gylyç!
– Gylyç!
– Gylyç!
Bu seljuk beglериniň Aý hem Gün hezretlerine bakyp eden kasamlarydy.
Kasamdan soň, Togrul beg gysgaça nutuk sözledi:
– Byradarlar! Bize sütem edildi. Biz öz mertebämizi, namysymyzy goramak üçin ata çykdyk. Zulumhor mat bolar, biz maksadymyza ýeteris. Gaznalylary Horasandan kowup çykaryp, özümiziň döwletimizi dörederis. «Mümkin, siziň halamaýan zadyňyz siziň bähbidiňizdir»[11]. Biziň döwletimiz dünýäde iň adyl döwlet bolar. Biziň döwletimizde gurt bilen goýun bir güzerden suw içer. Biziň döwletimiz garyp-gasarlara howandar çykýan, olary goraýan, adam şekilli ýaşamagy üçin aladalanýan döwlet bolar. Biziň döwletimizde hökümdaryň gapysy halk üçin gije-gündiz açyk bolar. Biziň döwletimizde adamlar bolçulykda ýaşarlar, parahat ýaşarlar. Alkyş alyp, sogap gazanarys. Bu gün külli musulmanyň göz-guwanjy, allama Abu Seýit gelip, bize rowaçlyk patasyny berdi. Biz allamamyzyň ýüzüni ýere salmarys. «Şübhesiz Alla tarapynda bolanlar üstün bolarlar» [12], biz üstün bolarys.

* * *

Günüň dogup gelýän çagynda Abu Seýit Abylhaýyryň pata bermegi bilen seljuklylaryň durmuşynda täze döwür başlandy.
Şondan soň seljuk begleriniň durmuşynda düýpli özgerişlikler bolup geçip ugrady.
Olar anyk karara geldiler: oglan-uşaklaryň, haremhananyň gaznalylara ýesir düşmezligi üçin öňünden aladasyny etmeli – olary söweş boljak ýerden uzak mekana äkitmeli, iň ygtybarlysy, Oguz çölünde gizlenmeli!
Altynjan bu tutumy aňlaýardy, ýöne ol özüniň, hareminiň Oguz çölüne ugradylmagyndan ätiýaç edýärdi. Muhammet Togrul beg geňeşleriň birinden soň, Altynjanyň eşitmekden gorkup ýören sözüni aýtdy:
– Altynjan, soltanyň goşuny biziňkiden dört-bäş esse artyk. Bu deň bolmadyk söweşleriň birinde meniň şehit bolmagym mümkin. Süňňüm bir zatlary syzýar meniň... Gylyç ýa kepen resimi boýunça men saňa talak bermeli. Sebäbi entek biziň çagamyz ýok. Meniňem saňa talak beresim gelenok, ýanymda bolmagyňy isleýärin, ýöne maksat jandan ileri. Herhal, men saňa talak bermeli bolaryn.
– Meni öldüriň, ýöne öz ýanyňyzdan aýyrmaň, begim. Men siziň diri ýeriňizde diri, öli ýeriňizde öli bolmak isleýärin. Maňa başga ýaşaýyş gerek däl.
– Altynjan, maňa dogry düşün, men seni hatyndygyň üçin guma ugratmakçy bolamok, ýok, men seni şirin janymdan hem eziz görýändigim üçin goramakçy – ugratmakçy bolýaryn. Düşünýärsiňmi? Meniň bu dünýäde senden başga ýüregime ýakynym ýok. Seniň ornuňy tutup biljek hatyn-da ýok. Düşünýärsiňmi? Sen meniň ýeke-tägim, ýüregim! Sen meniň üçin ähli zat! Sen meniň şu dünýämiň manysy! Saňa bir zat bolsa, – Hudaý saklasyn! – men çekip-çydap bilmerin. Saňa derek söweşjekler tapylar, ýöne seniň ornuňy tutup biljek hatyn, adam bu dünýäde tapylmaz! Geregem däl! Seni goramak meniň borjum! Sen guma git! Ol ýerde ýaşajyk gyzlardan özüňe kyrk sany keniz taýýarla! Atabeg mekdebimizde ýaşlara sapak ber!
Altynjan başky sözlerini gaýtalady:
– Meni öldüriň, ýöne meni öz ýanyňyzdan aýyrmaň!
Muhammet Togrul beg dymdy, diýmek, ol hatynynyň galmagyna razy boldy.
Altynjanyň Togrul begden aýratyn bir howatyr edýän zady bardy. Ol hem begiň söweşe çykanda başyna tuwulga [13], egnine çaraýnadyr [14] sowut geýmeýänligidi: «Gara başym gerek bolsa, Perwerdigär hernäçe gorasam hem aparar, ýogsam hem özi gorar» diýip, ol Altynjanyň özelenmelerine jogap berýärdi. Togrul beg Taňrynyň her bir han göteren kişisine bäş peşgeşi berýändigine [15] ynanýardy. Şu ynam hem oňa güýç berýärdi.
– Allatagala bil baglasaňyzam baglaň welin, özüňizdenem biraz alada bolsun. Ähli keşigiňizi Allatagala çekdirjek bolýarsyňyz. Daşdan seretseň, «Bu kişä jan gerek däl bolarly» diýen pikir döreýär. Şeýle pikir Allatagalada-da döräýmesin.

– Dul galmakdan gorkýarsyňmy?
– Gorkýaryn.
Hasan beg Altynjanyň sözlerini goldady.
– Melike dogry aýdýar...
– Baş söweşe girenimde geýerin, häzirki maksat – göç – diýip, Togrul beg jogap berdi.
Göç üç günläp dowam etdi. Altynjan seljuk begleriniň haremhanasynyň, oglan-uşaklarynyň Oguz çölüne çekilmegine ýardam berdi.
Özi Togrul begiň ýanynda galdy.

* * *

Seljuk türkmenleriniň Oguz hanyň gylyç ýa kepen däbine eýermekleri milletiň alaçsyzlygynyň, ýagny ejizliginiň däl-de, güýjüniň, içki ýaşaýyş mümkinçilikleriniň herekete girip başlandygynyň alamatydy. Diňe ruhy hem beden taýdan güýçli halk üçin ömür bilen ölüm deňleşip biler. Erkinlik diňe bir ýaşaýşa, dirilige bolan ymtylma däldir. Erkinlik ölüme gorkusyz garap bilmekdir. Ruhy taýdan iň azat adamlar ölüme dözümli, ölümden rüstem bolup bilýär. Seljuklylaryň bolşundaky çykgynsyzlyk diňe daşky, aldawçy alamatdy. Gylyç ýa kepen däbi milletiň juda güýçlüliginiň ýüze çykmasydy. Ölümden gorkýan adamlar güýçli hasaplanyp bilinmez. Beýik maksatlaryň, uly tutumlaryň öňünde ölüm hiç zat bolup galýar. Ynanç ölümi gorkusyz, howpsuz bir närsä öwürýär, ýogsa diňe ynsan däl, ähli janly-jemende üçinem ölümden gorkuly, ölümden uly betbagtlyk ýok ahyryn. Bu – tebigatyň, ýaşaýşyň adatylygynyň kanuny. Bu ýowuz kanundan diňe beýik ruhy maksatly adamlar ýokary galyp bilýär. Şonda halkyň ikinji bir göteriji ruhy şahsy bitewilikde kemala gelýär. Onsoň milletiň öňünde hiç bir zat durup bilmeýär. Şonda öňündäki päsgelçilik deryasy kiçijik ýaba öwrülýär. Bu güýç-kuwwat asmandan gelýär. Asman güýjüniň öňünde zemin böwedi joşup gelýän siliň ýolundaky kesege çalym edýär...

**(Dowamy 2-nji jiltde)**

## DÜŞÜNDIRIŞLER

### Birinji hekaýat

1. **Perrende** – guşlar, uçýan ähli janly-jandarlar. Derrende – ýyrtyjy, wagşy haýwanlar.
2. Ibn Esir. Kämil taryh. Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi. 1 jilt. A., 2005.
3. **Tabarystan** – palta ýurdy diýen manyny berýär. Bu adyň gelip çykyşy bilen baglanyşykly rowaýat bar. Tabarystanyň häzirki ady Mazenderan.
4. **Falak al-ma aly Manuçihr** – 1012 – 1029 ýyllar aralygynda, ogly Anuşirwan 1029 – 1049-njy ýyllar aralygynda şalyk edýär. Anuşirwan meşhur «Kowusnama» kitabyny döreden Keý-Kowusyň atasydyr. Keý-Kowus 1041-nji ýylda seljuklylaryň gelmegi bilen Gazna gaçýar, soltan Maududyň nedimi bolup işleýär.
5. Baýhaky Masut soltany Amul şäherinde garşy alan ilatyň sanynyň 500 – 600 müňe ýetendigini ýazýar. Megerem, bu san aşa artdyrylan san bolsa gerek. (Amul atly iki sany şäher bolupdyr. Biri häzirki gürrüňini edýän Amul şäherimiz – Mazanderan welaýatynyň baş şäheri. Bu şäher tüwi we her hili datly ir-iýmişleri bilen şöhratlanypdyr. Ikinji Amul Türkmenabat şäheridir).
6. **Ibn Hordadbeh.** «Kitab al-Mesalik wa-l-memalik». MITT. Tom 1. L. – M. 1937.
7. **Ibn Esir. Kämil taryh.** TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
8. **Ibn Hordadbeh.** «Kitab al-Mesalik wa-l-memalik». MITT. Tom 1. L. – M. 1937.
9. **Ibn Hordadbeh.** «Kitab al-Mesalik wa-l-memalik». MITT. Tom 1. L. – M. 1937.
10. **Bundar (masyl)** – salgyt ýygnaýan gullukçy, amil – paç ýygnaýjy.
11. **Tahyrlylar** – 821-873-nji ýyllarda Horasanda hökümdarlyk eden şalyk.
12. Ibn Hordadbeh. «Kitab al-Mesalik wa-l-memalik». MITT. Tom 1. L.M. 1937.
13. **Sadakat (birlik sany sadaka)** – bu ýerde raýatlaryň hojaýynlaryna – ýer eýelerine berýän tölegleri göz öňünde tutulýar.
14. **Haraç** – esasy ýer salgydy. Bu salgyt boýunça ýerden alynýan hasylyň üçden birinden üçden ikisine çenli aralykda tabşyrmaly.

Hüşür – hasylyň ondan biri görnüşindäki ýer salgydy.

15. **Rusum-i-marai** – öri meýdanlary üçin salgyt.

**Awariz** – adatdan daşary ýagdaýda ýygnalýan pul.

**Alaf** – çaparlar, harby çindäkiler we goşun üçin ýygnalýan azyk harytlary we ulag iýmiti. Seret: Nyzamylmülk. «Syýasatnama». Ruh. A., 1998.

**Kisam** – paý, bölek. Adatdan daşary salgytlaryň bir görnüşi.

**«Taufir»** – I.P.Petruşewskiniň kesgitlemesi boýunça «salgyt ýygnaýjylaryň adamlardan bellenilen möçberden artyk tölemäge mejbur edip ýygnan salgytlary, şeýle hem goşmaça tölegler netijesinde jemlenen pul».

**«Hukuky maragy»** – öri meýdanlaryny peýdalananlardan alynýan salgyt. Bu salgyt, esasan, çarwalara degişli bolupdyr.

**Töleg** – gaýry dinliniň geýmini tapawutlandyran nyşan. Orta asyrlarda gaýry dinliler musulman döwletlerinde musulman geýimlerini ýa-da donuny geýmäge borçly bolupdyrlar.

**Jizýe** – musulman dällere salynýan salgyt.

**«Ähli zimmet»** – yslam ýurtlarynyň çäklerinde ýaşaýan, jan başyna salgyt tölemäge borçly gaýry dinli paç töleýjiler: isaýylar, jöhitler, otparazlar. Şu tölegi töländikleri üçin gaýry dinliler musulman häkimiýetiniň goldawyndan peýdalanypdyrlar. Abre – syýahatçylary goramak we derýadan geçirmek üçin alynýan salgyt.

16. **Diwany yşrafy memleket** – seljuk döwletinde ýokary derňew-barlag guramasy. Bu guramanyň esasy wezipesi gelýän pullara we salgyt hasaplaryna gözegçilik etmekden we olary barlamakdan ybarat bolupdyr.

17. **Diwany-amal** – salgyt ýygnaýanlaryň üstünden garaýan edara. Bu ýerde işleýän emeldarlar amyl diýlip atlandyrylypdyr.

18. **«Hukuk wa rusumi diwani»** – bu adalga diwanyň peýdasyna tölenýän salgytlaryň jemi diýen manyny hem aňladýar.

19. **Nal baha** – diwan işgärleriniň we salgyt ýygnaýjylaryň-bundarlaryň, adatça, öz işlerini ýerine ýetirýän wagtlary atlarynyň uzak ýol geçýändikleri, şol zerarly atlaryň nallarynyň sürülýändigi üçin salynýan salgyt.

20. **Pilmahmyt** – Soltan Mahmyt Gaznalynyň il arasyndaky ýörgünli ady. Bu at soltanyň göwresiniň uly bolandygy, mydama pilde ýöriş edendigi, ýörişde pil münendigi üçin galan bolsun gerek.

21. **Hepbe** – bir dirhemiň kyrk sekizden bir bölegi. Hepbesiz diýen söz türkmenlerde häzir hem ulanylýar. Hepbesiz – hiç zat gazanmaga ukypsyz diýen manyny aňladýar.

22. **Sowmagy** – Çagry begiň müneçjimi: Ibn Esir Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

## Üçünji hekaýat

1. Tarih-i-Baýhaky. 585. MITT, tom I, M.-L., 1935.

2. **Kethuda** – goşunyň maliýe we hojalyk işleriniň müdiri şeýle atlandyrylýar (Baýhaky). «Kethuda» sözi başda uly jemagatyň ýolbaşçysy manysynda ulanylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen kethuda oba ýolbaşçysyna – obanyň suw ulgamyna, tertip-düzgünine, ýer eýeçiligine gözegçilik edýän adama aýdylypdyr, gullar hem kethudalaryň garamagynda bolupdyr.

3. **Bagdat halyfy** – 749–1258-nji ýyllar aralygynda musulman döwletleriň arasynda sünni mezhebini ýöredýär. Ol Abul Apbas Abdylla bin Apbas bin Abdylmuttalyp tarapyndan esaslandyrylýar. Abdylmuttalyp – Muhammet pygamberiň kakasynyň doganydyr. Ol hijreden 3 ýyl öň Mekgede dünýä inýär, elmydama pygamberiň ýanynda bolupdyr, 68-nji hijri ýylynda wepat edýär. Oňa ylmynyň çuňlugy üçin «Ymmatyň syýasy» diýip at goýlupdyr. Ol emewi halypalygyna garşy öz halypalygyny döredýär. Bagdatda döredilen bu halypalyk 809-816-njy ýyllar aralygynda Mansur tarapyndan Merwden dolandyrylýar, ýagny halypalyk Merwde bolýar.

4. **Oguz ýurdy** – Oguz ýurdunyň serhetleri hakda 984-nji ýylda näbelli awtor tarapyndan ýazlan «Hudud el-älem», ýagny «Älemleriň serhedi» atly meşhur arap taryhy kitapda şeýle diýilýär: «Başga bir çöl gündogarda Merw serhetleriniň gyrasynda Jeýhuna inen çöldür. Bu çöl Bawert, Nusaý, Paraw, Dehistan bilen Etil sebitine çenli uzalyp, Hazar deňzine bitişer. Bu çölüň günbatary Etil derýasy, demirgazygy Jeýhun, Horezm deňzi bilen Bulgar serhedine çenli aralyk Oguz ýurdudyr. Ady Horezm ýa-da Oguz çölüdir. Bu çöldäki çägeler Balh serhedinden başlap, Jeýhunyň günortasyna, Horezm deňziniň aşagyna çenli uzalýar».

5. **Gurt oýny** – garaşman durka çar tarapdan duşmanyň üstüne çozup, köp gyrgynçylyk edip, duşman garşylyk görkezmäge girişmänkä gürüm-jürüm bolmak.

6. **Hums paýy** – oljanyň patyşa degişli bäşden bir bölegi.

7. **Muhsin bin Tak** – seljuklylaryň görnükli serkerdeleriniň biri. Soltan Mahmyt Gaznalynyň kätibi Nasr Muhammet bin Abdyljepbar Utbynyň «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy» atly meşhur kitabynda Muhsin bin Tak hakda anyk maglumatlar berilýär. Şol maglumatlara görä, 1006-njy ýylda soltan Mahmyt Gaznalynyň Multanyň patyşasy Dawut bin Nasr bin Şyh Hamydy we onuň nesilşalygyny, şeýle hem karmatylary ýok etmek maksady bilen Gaznadan gidenliginden peýdalanyp, garahanly hökümdar Ilekhan Sübaşy Tegini Horasana gönderýär. Bu habary eşiden soltan yzyna dolanýar, Sarahsyň ýolunda onuň öňüni seljuk emiri Muhsin bin Tak kesýär. Gazaply söweş bolýar. Söweşde seljuk emiri ele düşýär, soltan ony iki parça edip öldürýär. Onuň bäş müň atlydan ybarat goşuny soltanyň tarapyna geçýär we onuň hyzmatynda durýar.

8. Gurhan. Ikinji süräniň 286-njy aýaty.

9. Tarih-i-Baýhaky. MITT, tom 1. M.-L., 1935.

10. Gurhanyň üçünji «Ymranyň öýi» süresiniň 126-njy aýaty.

11. Gurhanyň ikinji «Sygyr» süresiniň 249-njy aýaty.

12. **Ariz** – goşunyň azyk we maliýe üpjünçiligini gurnaýan ýörite toparyň ýolbaşçysy.

## Dördünji hekaýat

1. **Ýazyr galasy** – Abulgazy «Türkmenleriň şejere daragty» diýen kitabynda ýazyrlaryň Durun sebitlerinde ýaşandyklaryny ýazýar. A.Tumanskiý Abulgazydan şeýle bir mysal getirýär: «Ýazyrlar Durun sebitlerinde ýaşadylar. Şonuň üçinem Durunyň öňki ady Ýazyr ýurdy diýlip atlandyrylýar. Ýazyrlaryň bir bölegi Durunyň ýakynyndaky dagyň eteginde ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Häzirki döwürde şol ýerde ekerançylyk bilen meşgullanýan ýazyrlara garadaşly diýilýär». «Durun» diýen adyň XIV asyrda dörändigini ýazýar. Durundaky gala ilki başda Oguz han eýýamynda Tak (Gün) gala diýlip atlandyrylypdyr, yslamyň gelmegi bilen eždatlarymyzyň otparazçylyk bilen baglanyşykly ýer-ýurt atlarynyň galabasy üýtgäpdir.

Muhammet şanyň ejesi Türkan hatynyň Ýazyr galasynyň basylyp alynmagyna aýratyn üns bermesiniň sebäbi ýazyr türkmenleriniň hany Hindu han bilen garyndaşlyk gatnaşygynyň bolandygy bilen esaslanyşdyrylýar (Nesewi).

2. **Abu Seýit Abylhaýyr** – Abu Seýit Abylhaýyr (7.XII.967 – 12.01.1049 ý.). Abu Seýit Mäne baba ady bilen meşhurdyr. Bu ulamanyň aramgähi Kaka etrabynyň Mäne obasynda ýerleşýär.

## Bäşinji hekaýat

1. **At gaýtarym** – üç kilometr töweregi uzaklyk.

2. **Abu Nasr Faraby** (874–950 ý.) – «El-Medine El-Fazyla» atly eserinde patyşanyň, döwlet ýolbaşçysynyň pähimli, paýhasly, şeýle-de «pygamber donuny geýen ylahy Eflatun» bolmalydygyny nygtaýar. Faraby bu pikirini şeýle esaslandyrýar: eger döwlet ýolbaşçysy ylymly, bilimli, adalatly we päk ahlakly bolsa, onda raýat, ýurt ruhubelentligi bolar. Eger döwlet ýolbaşçysy erbet, nadan, adalatsyz we zalym bolsa, raýatlar erbet ýaşarlar, ruhupes bolarlar.

3. Eflatunyň (Platonyň) arapça terjime edilen «Döwlet» we «Syýasat» kitaplary.

4. **Tonýukuk** – Günbatarly alymlar Tonýukuky Germaniýany döreden Bismarka meňzedýärler. Ol Hytaýyň içeri we daşary syýasatyny gowy bilipdir. Bilge hanyň weziri.

5. **Bilge han** – 716–734-nji ýyllar aralygynda dogany Kultegin bilen şalygy bile dolandyrýar. Bilge – hökümdar, Kultegin – goşun serkerdesi bolýar.

6. **Atylla** (434–453 ý.) – görnükli hun hökümdary. Atylla on bir ýyllap, dogany Bleda wepat edýänçä onuň bilen bilelikde hökümdarlyk edýär.

7. **Gözel gyz döwletleri** – Ýewropa döwletleri. Ýewropa – gyzyň ady.

8. Goşgynyň manysy: Alp Är Töňňe öldi, dünýä eýesiz galdy. Indi onuň döwleti we döwri ýadymyza düşüp, ýüreklerimiz lerzana gelýär.

9. Gurhanyň «Manda» süresiniň 3-nji aýaty.

10. **On iki sypat** – Farabynyň hökümdara hökman mahsus bolmaly hasaplaýan sypatlary şu aşakdakylardan ybarat: 1.Sagdyn bolmaly; 2.Dogabitdi ýiti zehinli bolmaly; 3.Ýatkeş bolmaly; 4.Parasatly we öňdengörüji bolmaly; 5.Dilewar bolmaly, ýagny pikirlerini aýdyň we ýeňil düşündirmegi başarmaly; 6.Öwretmeni we öwrenmegi gowy görmeli, goldamaly; 7.Çendenaşa köp iýmekden, içmekden, şöhwetden,

her hili humarly oýunlardan daşda durmaly; 8.Dogruçyl we hakykatçyl ynsanlary söýmeli; kezzaplary we ýalançylary ýigrenmeli; 9.Jomart we sahy bolmaly; 10.Pula we beýleki dünýä nygmatlaryna göz gyzdyrmaly däl; 11.Mydama adalatyň tarapynda bolmaly, zulumy ýigrenip, zalymlara garşy çykmaly; 12.Gaýratly we erkli bolmaly. Eger bir zadyň hakykatdygyna göz ýetirse, bu meselede berk durmaly, hiç hili gowşaklyga we ruhupeslige ýol bermeli däl.

11. **Pentnama** – Söbükteginiň ogly soltan Mahmyt Gaznala beren pendi. Göwrüm taýdan uly bolmadyk bu Pentnama esgerleriň, begzadalaryň arasynda biçak meşhur, ýörgünli bolupdyr. Köp adamlar Pentnamany ýat tutupdyrlar.

12. **Utby Abu Nasr Muhammet bin Abdyljepbar** – «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy» atly meşhur kitabyň ýazary. Utby soltan Mahmyt Gaznalynyň debiri. Ol soltan Mahmyt Gaznalydan on ýyl öň – 1020-nji ýylda aradan çykýar. Şol sebäpli kitapda diňe 1020-nji ýyla çenli wakalar beýan edilýär. Soltan Mahmyt Gaznalynyň soňky taryhy Baýhakynyň kitabynda beýan edilýär. Çünki Baýhaky Utby aradan çykandan soň gönüden-göni soltan Mahmyt Gaznalynyň, ol aradan çykandan soň bolsa, soltan Masut Gaznaly ibn Mahmyt ibn Söbükteginiň debiri bolup işleýär we olaryň ömür ýoly hakda kitap ýazýar. Soltan Mahmyt Gaznaly hakda öz döwründe ýazylan kitap köpdür.

13. **Kurur** – million.

14. Soltan Mahmyt Gaznaly 1013-nji ýylda 20 kurur dinar harçlap Jeýhun derýasynyň üstünden köpri guryar, bu köp wagtlap saklanýar.

15. **Goşun dili** – Soltan Mahmyt Gaznaly 1027-nji ýylda öz goşunynda dürli halklaryň we halkyýetleriň wekilleri gulluk edensoň, olaryň özara düşünişmekleri üçin arap, pars, türkmen dilleriniň esasynda täze dil – urdu dilini döredýär. Soltan bu babatda diňe bir perman bermek bilen çäklenmän, şol diliň döremegine gönüden-göni ýolbaşçylyk edýär, döredýär. Häzirki döwürde urdu dili – Pakystanyň döwlet dilidir.

16. **El-Agajy** – türkmen sözi bolup, patyşadan ýurduň ýaşulularyna, ýurduň ýaşulularyndan patyşaga gelen hat-petekleri gatnadyjylary, ýagny soltanlaryň ýörite hajyplary manysyndadyr. (Mürze Muhammet Kazwyny. Gahar makal hatyýalary. 130 s.) Muhammet ibn Aly ibn Süleýman Rawendi. Göwünleriň rahady – şatlyklaryň ganaty.

17. Zabulystan (Jabulystan) – Seýistan (Sejestan) bilen Hindistan aralygyndaky uly welaýat. Bu welaýatyň uly şäheri, merkezi Gazna şäheridir. Gazna sebitleri. Soltan Mahmyt Gaznalynyň şalygynyň atlandyrylyşy.

18. **Çaryýarlar oňşuksyzlygy** – Hezreti Abu Bekr (632–634 ý.), hezreti Omar (634–644 ý.), hezreti Osman (644-652 ý.), hezreti Aly (656–661 ý.) – ilkinji halyflardyr. Bu dört çaryýarlardan soň, Emenileriň halyflygy başlanýar. Ol 661-nji ýyldan 750-nji ýyllar aralygynda dowam edýär, jemi 14 halyf bolýar. Emenilerden soň Apbasylaryň halyflygy başlanýar. Bu halyflyk 750-nji ýyldan – 1924-nji ýyla – Osman türkmenleriniň soltanlygy agdarylyp, ýerine Türkiýe Respublikasy döreýänçä dowam edýär. Mongollaryň apbasylary ýok etmekleri netijesinde halyflyk Müsür türkmen memluklarynyň eline geçýär we ol 1261-1516-njy ýyllara çenli dowam edýär. 1516-njy ýylda Osman soltanlygynyň soltany Ýowuz Selim Müsür türkmenlerini özüne tabyn edýär we halyflygy Stambula geçirýär. Netijede türkmenler Stambuldan dünýä musulmanlaryna halyflyk – baştutanlyk etmäge başlaýar. Has takygy, 1055-nji ýylda Seljuk döwletiniň soltany Muhammet Togrul beg Bagdada girip, Büweýh döwletini ýok edeninden 1924-nji ýyla çenli 870 ýyla golaý wagtlap türkmenler dünýä musulmanlarynyň din gylyjy, ýolbaşçysy bolup geldiler.

19. **Karmatçylyk (karmat – ogryn, seýkin basyp ýöreýär diýen manyny aňladýar)** – IX asyrda Alynky Aziýada we Merkezi Aziýada feodal gurluşyň garşysyna dörän şaýylaryň bir akymy. Karmatlar özlerini Ymam Ysmaýylyň (762-nji ýylda aradan çykan) ýoluny dowam etdirijiler hasaplapdyrlar. Şeýle bolansoň, karmatlary ysmaýylçylar diýip hem atlandyrypdyrlar. Ysmaýylçylar ýerlerde feodal baýlaryň döremegine garşy çykypdyrlar. Olar oba jemagatlarynda ýerleriň adamlaryň arasynda baýlygyna-garyplygyna seretmesizden deň paýlanmagyny, ähli zatda deňligiň bolmagyny talap edipdirler. Bu talap garyp-gasarlaryň göwünlerinden turupdyr. Şeýle bolansoň olar karmatlara duýgudaşlyk bildirip, olaryň toparlaryna goşulypdyrlar. Karmatlaryň ýolbaşçylygynda köp ýerlerde ýerli feodallar durupdyr, olar garyp-gasyrlaryň köplügini öz bähbitleri üçin peýdalanypdyrlar. Ýerli feodallar döwlete garşy durup, özleri üçin ýeňillikleri gazanmaga çalşypdyrlar. Karmatlary Müsüriň fatymy halyflygy goldapdyr we olara ýolbaşçylyk edipdir. Bagdat halyflygy karmatlary berk ýazgarypdyr we olara garşy göreşipdir. X asyrda karmatlar ogryn iş alyp barypdyrlar. Soltan Mahmyt Gaznaly karmatlary rehimsizlik bilen jezalandyrypdyr. Togrul soltan hem karmatlara – ysmaýylçylara garşy berk göreşýär, ýöne olary doly ýok edip bilmeýär. Ysmaýylçylar görnükli döwlet ýolbaşçylaryny gapyllykda öldürmek bilen meşgullanýarlar, ysmaýylçylary – karmatlary XIII asyrda doly ýok eden Çingiz handyr.

20. Bu pikir Kerimeddin Mahmyt Aksaraýlynyň «Musameretul ahbar» (habarlaryň mejlisi) kitabynda nygtalýar.

21. **Anuşirwan (Nowşirwan)** – sasanylar hanedanlygynyň 21-nji patyşasy. Onuň hakyky ady Hysrowdyr, Anuşirwan lakamydyr. Araplar oňa Kesra diýýärler. Ol 531-nji ýylda patyşa bolýar. Bu patyşa adalatlylygyň simwoly hökmünde suratlandyrylýar. Gündogar hronologlary onuň adyny «adyl» epiteti bilen tutýarlar. Ol kakasynyň şalygy döwründe dörän mezdekileri köp gyrýar, olaryň soňuna çykýar. Ol 579-njy ýylda aradan çykýar.

22. Gürrüň Gurhanyň ýigrimi dördünji «Nur» süresiniň 11-nji aýatynyň döremegine sebäp bolan waka hakda barýar:

«Pygamber alaýhyssalam sahabalary bilen bile bir gazawatdan gelýärkä, Medinä golaýlaşanlarynda, garaňky gijede esgerlere biraz aram-dynç almak üçin rugsat berýär. Şonda Pygamber alaýhyssalam bilen bile gazawata çykan jübti-halaly Aýşa – Alla ondan razy bolsun! – hajat üçin çykyp, esgerlerden uzaga gidýär we gaýdyp gelende, kerweniň ýola düşenini görýär. Şol wagt, endige görä, kerweniň yzynda galan närseleri ýygnamak üçin goýlan bir sahaba gelip, Aýşany görýär we ony tanap, düýä mündürip, özi pyýada ýöräp ony kerweniň yzyndan ýetirýär. Muny gören käbir müňkür kimseler Aýşany betnam edişip, dürli myş-myşlar ýaýradýarlar. Muny eşidip, Pygamber alaýhyssalam hem, Aýşanyň atasy Ebubekir Syddyk hem, başga musulmanlar hem örän gamgyn bolýarlar.

Aradan bir aý geçenden soň Aýşanyň päkligi anyklanýar we bu myş-myşlaryň töhmetdigi äşgär bolýar».

## Altynjy hekaýat

1. **«Balhan** – Abywerdiň arkasynda ýerleşýän bir şäher». Ýakut Hamawy. Ýurtlaryň sözlügi (Türkmen obalary). «Mujem al-buldan. 1-nji jilt. 479 s.

2. **Haşam** – ýurduň patyşasynyň howpsuzlygyny goraýan saýlama topar, goşun, janpena, şatyr, jandar. Haşam sözi käbir taryhy çeşmelerde haşym görnüşinde alynýar. Haşam, haşym şol bir manyny aňladýan düşünjelerdir. Taryhy çeşmelerde ulanylýan haşar sözi haşam, haşym sözleri bilen manydaş däldir. Haşar – ilatdan gyssagly ýagdaýda ýygnalan adamlaryň toparyna aýdylýar. Haşar sözi türkmen dilinde häzir hem ulanylýar. Goşun, köplenç, haşar usulynda hakynatutma adamlardan düzülipdir. Adamlar gazanç etmek maksady bilen söweşipdirler. Mufrat – köşk nökeri. Nyzamylmülk. «Syýasatnama». Ruh. A., 1998.

3. **Tus** – Maşat şäheriniň golaýyndaky şäher. Häzir ol şäherden diňe haraba yzlary galypdyr.

4. **Zyndyk** – zyndyk sözi Mazdagyň yzyna eýerijileriň ady bolupdyr. Ol at Awestanyň tefsiri bolan «Zend» kitabynyň adyndan gelip çykypdyr. Mazdak öz çykaran mezhebini zerdeşt we mani mezheplerine düzedişler girizmek esasynda döredipdir. Syýasy dilde we mezhep dilinde zyndyk döwletiň we ruhanylaryň garşysyna çykan adamlara dakylypdyr, şeýle at bilen garşydaşyňy ýok etmek bellibir derejede aňsat bolupdyr.

5. **Puta** – türgenleşmek hem-de göwün açmak üçin nyşana ok we hanjar atyşmak.

6. A.Firdöwsi. «Şanama». 456 sah., 24 setir.

7. **Jöwşen** – simden ýasalan gadymy uruş geýimi, sowut, demir don.

8. **Jamedar** – soltanyň egin-eşikleri boýunça – tikmek, saklamak, geýindirmek, serenjam bermek boýunça müdir.

9. **Reý** – bu şäheriň harabalary häzirki wagtda Tähran şäherinden sekiz kilometr günortada, Tähran şäheri bilen Şaabdylazym şäheriniň aralygynda galypdyr. Reýiň ady Awestada «Rakaý» ýa-da «Raga», Töwratda «Rajys» şekilinde gabat gelýär. Ýunanlylar oňa «Raga» ýa-da «Ragaýy» diýipdirler. Ahemenliler döwründe ol «Rajis» atlandyrylypdyr. Miladydan 150 ýyl owal Parfiýa şalygyny döreden Ärsagyň paýtagtlarynyň biri bolupdyr. Reýi XIII asyrda mongollar ýumrupdyr.

10. Gurhanyň 13-nji «Gök gümmürdisi» («Rad») süresiniň 17-nji aýaty.

## Ýedinji hekaýat

1. Gurhan. «Imranyň öýi» süresi, 26-njy aýat.

2. **Kulah menşur** – Perman.

3. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

4. **Dehkan (dah han)** – bu söz maly-mülki bolan gurply mülkdar adamy aňladýar. Emma her döwürde ol täze mana, täze öwüşgine eýe bolupdyr. Häzirki döwürde ol daýhan, ekerançy manysyna eýe. Daýhan sözköki «dah han» diýen iki sözden ybarat. Gadymy döwürlerde pederlerimiz dahlar diýlip atlandyrylypdyr.

5. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

6. **Hajy Mälik** – jähennemiň garawulynyň ady (seret: Gurhanyň 43-nji süresiniň 74-nji aýaty).

7. 428-nji ýylynyň muharrem aýy – 1036-njy ýylyň Alp Arslan aýy.

8. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

9. Mezhepleriň içinde diňe hanafy mezhebi şerap içmegi günä hasaplamaýar.

10. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005. Abu Seýit Abylhaýyryň (Mäne babanyň) seljuklylara ak pata berendigi hakdaky maglumat taryhy kitaplaryň tas ählisinde diýen ýaly gaýtalanýar.

11. Gurhan. 2-nji süräniň 216-njy aýaty.

12. Gurhan. 5-nji süräniň 56-njy aýaty.

13. **Tuwulga** – söweşde başa geýilýän bürünçden edilen başgap.

14. **Çaraýna** – söweşde ok geçmezligi üçin gursakdan we arkadan asylýan ýasy gural. Ol dört bölek metaldan ybarat bolup, sowuda dakylýar.

**15.** BÄŞ PEŞGEŞ **–** GÖKTAŇRYNYŇ HAN GÖTEREN KIŞISINE BÄŞ ZAT BERÝÄNDIGI HAKDA ÝUSUP HAS HAJYP BALASAGUNLYNYŇ «BILIMNAMA» ESERINDE AÝDYLÝAR. TAŇRY TARAPYN BERILÝÄN BÄŞ PEŞGEŞ ŞU AŞAKYLARDAN YBARAT: 1. GUT – HÖKÜMDARLYK. 2. ÝARLYK – BUÝRUK. 3. ÜLÜG – YKBAL. 4. KÜÇ – GÜÝÇ. 5. PAÝHAS.

# IKINJI KITABYŇ DOWAMY

# HEMINZAMAN



**Sekizinji hekaýat**

## BALYGY SUWUŇ ÝÜZÜNE ÇYKARMAGYŇ TÄRI

Soltan biperwaý däldi, ýok, asla biperwaý däldi, ol biperwaý bolan bolýardy. Başarsa, seljuklylary derbi-dagyn, tike-tike etjekdi. Musulman döwletleriniň içinde özüne garşy durup biljek ýeke döwletiň ýok çagty bir oýnam atlynyň özünden rüstemdigine namys edýärdi ol. Seljuklylary ýok etmek synanyşygynyň her gezek şowsuz gutarýanlygynyň – olaryň özünden rüstem bolmaklarynyň, garşysyna ugradan goşunyny kül-peýekun etmesiniň hikmetine, herçent oýlansa-da, teý düşünip bilmeýärdi. Aslynda welin, ol muňa şeýlebir düşünmek isleýärdi. Seljuklylary derbi-dagyn etmek üçin gije-gündiz düýrmegi bilen çykalga gözleýärdi, sadakalar berýärdi, Allatagala dileg salýardy. Näme üçin her gezek şowsuzlyga uçraýandygynyň, güýçlükä, güýçli goşuny barka biçäreliginiň sebäplerini anyklamakçy bolýardy. Özünde hiç zat bilen düşündirip bolmaýan bir gorkynyň bardygyna geň galýardy. Görnetin güýçlükä näme üçin gorkýandygyna akyl ýetirip bilenokdy. Şol gorky sebäpli ol goşunyň başynda özi durman, Bekdogdyny salar belläp gönderipdi. Ol arkaýynsyrasa-da, biperwaýlyk etse-de, seljuklylaryň garşysyna goşun ibermeli bolanda, her gezek tutumy uludan tutup, hiç bir zadyny gaýgyrmady. Soňam goşunyň ýeňişli dolanmagyna irikgä durup garaşdy. Barybir, ýörişler şowsuz boldy. «Soltan Mahmydyň ogly Masut keýpi-sapa, meýlis bilen wagtyny bihuda geçirýär» diýýärler. Wah, ol keýpi-sapany gowy görýärdi, häzirem gowy görýär, ýöne seljuk begleri keýpi-sapada maza-bähre goýmadylar ahyryn! Ol kakasy dirikä ýigrimi iki ýaşynda Hyrada häkim bellenipdi. Kakasyndan uzakda bolansoň, meýlise aşa gyzygypdy. Indi döwür-ýagdaý başga. Ol öň aladasyz bolup meslik edipdi, indi çykalga tapman, öz-özüne teselli bermek üçin keýpi-sapa bilen najagaý bolýardy. Böwrüňe diň salyp, şum habara garaşyp gondalawly oturmagyň hupbaty has aýylganç ahyryn! Asyl wagt geçmez eken. Soltan nätsin?! Ol öz wezir-wekilleriniň ýanynda seljuk begleri baradaky howsalaly gürrüňlere bilgeşleýinden myzaýyk etmedikden bolýardy, öz wezir-wüzeralarynyň: «Wah, soltanymyz seljuklylara geleň bermeýär, geleň berse-hä, derrew olary ýok ederdi» diýen pikirde bolmaklaryny isleýär. Şu maksat bilen biperwaý bolan bolýar ol! Ýogsam öz soltanlygynda bir oýnam bibaş atly garşyňa baş göterse, heý, oňa-da soltan myzaýyk-geleň etmezmi?! Diňe Masut däl, herki soltan hem baş galdyrar, başbozarlary ýok hem eder.

Ynha, indi bäş ýylyň içidir, soltan Masut çykalga tapman halysan golawrady. Mahal-mahal Hindistana ýöriş edip, şöhratly ýeňişler, köp-köp oljalar bilen Gazna dolanýar. Şeýdibem özüniň güýçli, beýik soltandygyny öz wezir-wekillerine göz edýär. Diňe bir öz wezir-wekillerine däl, Etekdäki seljuklylara-da, Bagdatdaky halyfata-da göz edýär. Şeýdip, olarda gorky döretmekçi bolýar, şeýdip, olary mugyra getirmäge

çalyşýar. Çünki ol özüniň her bir hereketi, her bir ýeňşi barada seljuklylaryň eşidýändigini bilýär. Şu zatlar bilenem öz-özüne teskin berýär. Dagy nätsin?!

Soltan Masut seljuk begleri bilen baglanyşykly ähli zatlary bilýärdi: mundan bäş ýyl owalan bary-ýogy ýedi ýüz atlysy bolan seljuk begleriniň bu gün on bäş müň atly goşuna öwrülendiginem bilýärdi, Çagry begiň Merwde Melikul-mülük[1] diýen at alandygyny, her juma güni metjitlerde öz adyna hutba okatdyrýandygyny-da bilýärdi.

Bilýärdi.

Örän köp zatlary bilýärdi.

Ýöne bilmeýänden bolýardy, öwsaýysyraýardy.

Wa-weýleta, bilýän zatlaryndan oňa jinnek ýaly-da nepagat-goraw ýokdy.

Seljuk begleriniň Oguz hanyň gylyç ýa kepen resimine girendiklerini-de bilýärdi.

Seljuk begleriniň şu däbe girenlerinden soň maşgalalaryny, çaga-çugalaryny Oguz (Garagum) çölüne ugradandyklaryny-da bilýärdi.

Togrul begiň Altynjan atly gaýduwsyz hatynynyň bardygyny, ol hatynyň birnäçe darkaşda ýeňiş gazanandygyny, harby tälimlere türgendigini, şeýle hem onuň arap, pars, ýunan dillerine suwaradygyny bilýärdi.

Togrul beg Masut soltany mes öküz hasaplaýardy, Masut soltan bolsa, öz gezeginde seljuklylary ýaraly ýolbars hasaplaýardy. Olar nädip ýaraly ýolbarsa öwrüldiler? Olar nädip jebisleşdiler? Soltan bu sowallaryna jogap tapdy, ýöne giç tapdy, iş-işden geçensoň tapdy.

Esasy ýalňyşlygyny salgyt hasaplady. Olara, dogry, örän agyr salgyt salyndy. Soltan bu salgydy zada mätäç bolup salmandy. Ýok, ýok, Abywert, Nusaý, Etek, Paraw, Dehistan etraplary salgyt tölemänlerinde-de soltanlygyň uly bir ýitirýän zady ýok. Hindistandan getirilýän oljalar bilen ol sebitiň salgydynyň öwezini, bir ýa iki däl, ençe esse dolup bolar. Soltanyň agyr salgyt salmagynyň aňyrsynda seljuklylary başga bir ülkä gaçyrmak maksady bardy. Agyr salgyt salanda Tabarystanyň ilaty ähli zatdan ellibizar geçip gaçypdy. Soltan seljuklylar hem gaçar öýtdi. Indi, yzarlap görse, ol görgülileriň gaçyp-gaçyp iň soňky gelen ýerleri Etek eken. Tabarystanlylarda gaçara ýer bar eken, seljuklylaryň welin, ýaraga ýapyşaýmakdan başga ýollary ýok eken.

Seljuklylar başda Oguz ýabgulygyndan – Ýaňykentden gaçyp Jende gelipdirler.

Jentden gaçyp, Nur-Buhara gelipdirler.

Nur-Buharadan-da gaçyp Horezmine geldiler, şonda olara soltan Masudyň oňlamagy bilen Altyndaş hossar çykypdy.

Horezminde Şamäligiň aýylganç «Zamahşar gyrgynçylygyndan» soň gaçyp, Horasana – Etege geldiler. Hut soltan Mahmyt Abywerdi, Nusaýy, Farawy birmahal seljuklylara ykta beripdi.

Olar özlerine berlen ýeri talap etdiler.

Seljuklylar hyzmat etmek islediler. Hakyt şeýle: olar Gazna soltanatyna – soltan Masuda sadykat gulluk, hyzmat etmek islediler.

Soltan Masut bu gün käbir görip, bahyl kişileriň gepine gidip, özüne mutyg hyzmat etjek, özem juda köp peýda getirip biljek hyzmatkärlerini duşmana öwrendigine düşündi. Özem diňe bir özüne däl, olaryň tutuş soltanata howp salýan duşmana öwrülendigine düşündi.

Soltan bar günäniň özündedigine-de düşündi, ýöne muny boýnuna alardan boýny juda-juda ýogyndy. Ol seljuklylaryň garşysyna Jendiň emiri Şamäligi küşgürdi. Soltanyň bu pyrryldagyndan bihabar seljuklylar ýene gaznalylara sygynyp, Balkana geldiler. (Mahmyt Gaznaly – soltan Masut Gaznalynyň kakasy diňe Abywerdi, Nusaýy, Parawy däl, Balkany-da seljuklylara ykta beripdi ahyryn!)[2] Seljuklylar ýene kowuldy, ýöne indi olaryň gidere ýerleri ýokdy. Şonuň üçinem olar baş göterdiler.

Soltan Masut seljuklylary öz peýdasy üçin ulanmagy başarmady, asyl ulanjak bolmady. Peýdalanmagy başarmasaň, kiçi daş hem büdredýär

Soltanlygyň bähbidine gönükdirilmeli jemagat soltanlygyň garşysyna, zyýanyna gönükdirildi.

Soltan hyrçyny dişledi.

«Gorkagy kowsaň, batyr bolar» diýilýär, ýöne seljuklylar gorky diýilýän zadyň nämedigini bilmeýän adamlar. Batyry kowsaň, batyrlygy goşalanýan eken! Seljuklylaryň batyrlygy-da goşalandy.

Möjegiň sürüsi-ordasy ýokdur, ýöne garşydaş tapylsa, biri-biri bilen garpyşyp-urşup duran möjeklerem birleşýändir.

Möjekler birleşdi!

Özem öz eýesine garşy birleşdiler!

Hawa, hawa, öz eýesine garşy birleşdiler! Bu iň eýmenji!

Indi näme etmeli?!

Soltan Masut täzeden geňeş geçirdi. «Eger seljuklylar meniň elim bolan bolsadylar, onda men elimi düýbünden çapdyrardym. Eger seljuklylar meniň aýagym bolan bolsadylar, onda men birjik-de säginmezden aýagymy çapdyrardym. Maksadyňa ýetmegiň üçin hiç zat gysganmaly däl. Ähli serişdäni, baýlyklary seljuklylary gyrmak üçin darkaşa ugrajak goşuna sarp etmeli» diýip, soltan Masut geňeşde odukdy.

– Örän parasatly pikir aýtdyňyz, soltanym. Örän dogry. Siziň geçirimliligiňizden, giňligiňizden peýdalanyp, olar juda hetdinden aşdylar. Siz goşunyň başynda dursaňyz, soltanym, seljuklylary Horasandan kowup çykararys – diýip, beýik hoja Ahmet-Abd-as-Samat sesine nazym berip, gözüne ýaş aýlady. Bu pikiri Subaşy, Sury, Bekdogdy dagy hem goldap, nutuk sözlediler. Ariz bilen salar öz goşunlarynyň üpjünçiliginiň seljuklylaryňkydan ýigrimi esse artykdygyny, san babatda-da özleriniň abyrsyz köpdügini – seljuk begleriniň on alty müň atlysy bar bolsa, özleriniň atlylarynyň sanynyň elli müňden az däldigini, şeýle hem özlerinde üç ýüz sany söweş piliniň bardygyny, azyk bilen gulamlary üpjün etmek gorunyň bir ýyla ýetjekdigini nygtadylar.

Ariz bilen salaryň anyk sanlara salgylanyp eden çykyşlary diňe bir soltanda däl, wezir-wekillerde-de ýeňşe berk ynam döretdi.

Wezirler diwanynda bolan geňeşde Termez welaýatyna gitmek karar edildi. Çünki goşun üçin gulamlar, esasan, Termez, Balh welaýatlaryndan – entek seljuklylar bilen garpyşyp görmedik, olardan gorkusy bolmadyk adamlardan jemlenmelidi. Iň soňky jemlenme Balhda bolmalydy. Termezde, Balhda jemlenen gulamlaryň sany elli-altmyş müňe ýetmelidi.

## Alyabat söweşi

Suwuň aşagyndaky balygy nädip awlamaly, nädip suwuň ýüzüne çykarmaly? Dury, parahat suwda balygy tutup bolmaýar. Ony tutmak üçin suwy bulandyryp ugramaly. Suw bulanyp ugrasa, balyklaryň rahatlygy gaçýar, dem almasy kynlaşýar. Şeýle ýagdaýda balyklar çyrpynyşyp suwuň ýüzüne çykýarlar. Suwuň ýüzüne çykan balygy gypynçsyz tutup bolýar. Soltan Masudy tutmak üçin ony ilki «suwuň düýbünden» – köşgünden meýdana – «suwuň ýüzüne» çykarmaly. Gaznadan çykyp, Horasana gelmegi üçin soltanyň jebegesini daraltmaly, gaharyny getirmeli. Özem gaharyny soňky hetdine ýetirmeli.

Çagry beg bilen Togrul beg öňem bir pähimdar bolmadyk soltan Masudyň gahary gelende ýüpden boşan öküze öwrüljekdigini bilýärdiler. Elbetde, ýüpden boşan öküziň öňünde durmak bolmaýar. Öküzi ýykmak, öldürmek üçin onuň gapdalyndan, iň gowusy, yzyndan baryp itmeli, urmaly, syrtlan tilsimi[3] bilen urmaly.

Soltan Masut – öküz, gara güýji köp, oňa derek pähimi az. Duşmany asgyn tarapyna agram berip ýeňmeli. Soltan islese, ýüz müň atly goşunam jemläp biler, ýöne seljuk beglerinde onuňky ýaly mümkinçilik häzir ýok. Seljuk begleri on bäş müňden artyk söweşiji ýygnap bilmeýärler. Sebäbi özleriniň ygtyýaryndaky ýerlerdäki söweşmäge döwtalap adamlaryň sany on bäş müňden aňry geç-meýär. Onsoňam köplerde entegem gaznaly soltanlygyndan gorky bar. Gaznaly soltanlygynyň güýjüni ähli kişi görüp dur. Ýöne seljuk begleriniň güýji çäkli, olary köpler entek topalaňçy hökmünde görýär. Topalaňçylygyň bolsa soňy ýok. Topalaňçylary soltanyň saýlama goşuny aýylganç gyrýar. Muny Horasanda bir ýa iki gezek däl, köp gezek gördüler. Şeýle bolansoň, seljuk beglerinde gulluk etmäge döwtalaplar o diýen köp däldi. Herhal, seljuk begleriniň aýsaýyn artýan owazasyna maýyl bolup, Balkan daglaryndan, Müňgyşlakdan, Balh sebitlerinden, Mawerannahrdan türkmenler gelýärdi, olar baýlyk-olja gazanmak maksady bilen gulluk edýärdi.

* * *

**Soltan M**asudyň ýöriş etjekdigi baradaky habary eşiden seljuk begleri dessine soltanyň soňky güýç-goşun jemlejek ýerine – Balha hüjüm edip, başagaýlyk, gorky döretmek hakda karara geldiler.

Soltanyň Balh welaýaty boýunça dikmesi Altyntak diýen ýelemýüwletdi. Togrul beg Altyntagyň ýanyna ilçi gönderdi, ondan söweşsiz-garşylyksyz boýun egmegi talap etdi. Şu talabyň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, Balhyň ilatynyň başynyň ölümli, malynyň talaňly boljakdygyny mälim etdi.

Altyntak Togrul begiň adyndan baran üç ilçini zyndanyna taşlady, soňam öz üstüne seljuklylaryň uly güýç jemläp ýetip gelýändigini habar bermek üçin soltan Masuda çapar gönderdi.

Altyntakdan habar alan soltan Masut desbi-dähil Balha sary at goýdy.

Alyabat düzlüginde soltanyň uly goşuny seljuklylaryň goşunynyň yzyndan ýetdi.

Seljuklylaryň soltan goşuny bilen açyk meýdanda darkaş gurmak maksady ýokdy, ýöne olar ät galdylar, üstlerini basdyrdylar, ýogsam, olar Balha ugramazlaryndan burun ýörite mejlis geçirip, söweş tilsimleriniň

nähili bolmalydygyny anyk kesgitläpdiler: «öküziň» öňünde durmaly däl, açyk darkaşa girmän, Balhdan Merwe gelýänçä – bir ýüz ýetmiş iki farsahlyk, ýigrimi menzillik[4] ýolda garaşylmadyk pursatlarda çar tarapyndan hüjüm etmeli, gapyllykda üstlerini basmaly, gulamlaryň arasyna wehim salmaly, Merwe ýetýänçä soltan goşunyny towşan ýaly titräp duran byzbyldyk etmeli.

Türkmeniň ezeli sabahun urmak atly harby tilsimini ulanmaly: ukynyň iň süýji wagty daňdanlar ýagynyň mesgenine hüjüm etmeli, gyran-jyran etmeli. Garasaý, soltan goşunyna aňkalary aşyp huk bolýançalar uky bermeli däl. Şu maksat bilen iki ýüz-üç ýüz atly toparlara bölünmeli. Her toparyň haýsy ýere, nireden, nädip çozmalydygy, soňundan nädip gaçmalydygy, näme etmelidigi anyk kesgitlenipdi. Şeýle hem her topara ýüze çykan ýagdaýa görä erkin hereket etmäge, özbaşdak netijä gelmäge izin berilýärdi.

Maksat Balh – Merw aralygynda gaznaly goşunyň bilini omurmakdy.

Seljuk ýigitleriniň iýip-içjek owkatlary atlarynyň ganjygasyna berkidilendi. Olar söweş günleri az owkat bilen oňňut etmegi başarýardylar. Olaryň ählisiniň esasy azygy goýnuň içýagydy: ondan özlerem iýýärdi, atlaryna-da berýärdiler. Içýag iýen esger hem at yssyda suw küýsemeýärdi.[5]

Seljuk begleriniň ýörite dowulçylary bardy. Olar soltan goşunynda gulluga durup, gulamlaryň arasynda ýörite dowul-wehim dörедýärdiler. Togrul, Musa, Çagry hakda her hili mahabatly rowaýatlary gürrüň berýärdiler. Ýörite taýýarlanylan ol mahabatly rowaýatlarda seljuk begleriniň ýeňilmezekdigi, soltan Masut bilen göreş tutup ýeňendigi, ýöne bu habaryň gizlin saklanýandygy, seljuklylary Hudaýtagalanyň goldaýandygy, olara Derwezata aralygynda öz döwletini bagyş edendigi hakda aýdylýardy.

Soltanyň wezirler diwanynda, serkerdeleriň arasynda seljuk begleriniň satyn alan, yzygiderli habar iberip durmaga, ýeri gelende, öz taraplaryna geçmäge razy eden serkerdeleri bardy. Seljuk begleri öz ýörite fiskallarynyň üsti bilen soltanatda bolup geçýän her bir möhüm wakany eşidýärdiler.

Altyntagyň kömek sorap çapar gönderendigi, soltanyň Balha barýandygy hakdaky habar hem Merwe ugradylypdy, ýöne Merw – Balh ýolunda çaparlaryň habary eglenipdi. Olar seljuk beglerini wagtynda tapyp bilmändiler. Bu hem seljuk goşuny bilen gaznaly goşunynyň Alyabat düzlüginde açyk darkaşa girmegine sebäp bolupdy.

Seljuk goşuny Ruhhajda[6] düşläpdi. Soltan goşunyny düşlege ýakyn getirmezlik üçin Alyabat düzlüginde garpyşmaly boldy.

Bu söweşde ýeňiş gazanyp bolmajakdygy görnüp durdy, çünki soltanyň gulamlarynyň sany ýigrimi müňden-de aňrydy.

Goşunyň aman galmagy üçin diňe bir ýol bardy, ol hem belli bir topar ölümini boýun alyp, ýigrimi müňlük goşunyň öňünden çykmalydy, söweşmelidi, galan bölek pursatdan peýdalanyp gaçmalydy.

Sekiz ýüz meýletin pidaýy öňe saýlandy, ýakyn dost-ýarlary bilen hoşlaşdy, soňam “Ýa Hu!” diýip darkaşa girdi.

Olar iň soňky demlerine çenli söweşdiler.

Bu pidaýylar türkmeniň merdi-merdana, bahadur, janymak gerçekleridi.

Janyňy pida bermek – erkiň hem ynanjyň soňky hetdi. Ol milletiň durmuşynda täze bir döwrüň – söweş meýdany bilen ýaşaýyş giňişliginiň barabarlaşandygyny aňladýar. Ejiz köpçülik üçin söweş meýdany ýowuz ölüm meýdany hökmünde aňlanylýar. Seljuklylar üçin bolsa söweş meýdany ömrüň täze bir döwrüniň açylmak mümkinçiligi bolup görünýär. Pidaýy öz ölümi bilen milletdeşiniň ömrüni bina edýär. Tutuş göwräniň aman galmagy, ýaşaýşyny dowam etmegi üçin agza özüni pida berýär. Beýle ädim ejizler üçin mümkin däldir, onda her bir agza öz gamyny iýýär, her kes özüni halas etmegiň alajyny gözleýär, şeýdibem tutuş göwre heläk bolýar. Pidaýylygyň hikmeti, ölümiň gözüne göni bakyp bilmegiň howalylygy şundadyr. Güýçlülik duşmanyňy – özüň ýaly adam bolan garşydaşyňy däl-de, ölümi ýeňmeklikdir. Ynsan ynsany däl-de, ynsan ölümi ýeňende, geljege sary mümkinçilik, bagta bolan ýol açylýar. Milletiň ýaşaýşynyň beýik dünýä aňyrsy manysy diňe şonda ýüze çykyp, açylyp başlaýar. Şeýle ädime ukyply millet öz geljegini öz elleri bilen amal edýän ruhy-beden bitewüligi bolup öňe çykýar. Ölüm bilen ýüzbe-ýüzlükde halkyň adaty mazmunyndaky haýal-ýagallyk, äwmezlik, lellimlik aýrylyp, bularyň deregine gujur-gaýrat gelýär.

Seljuklylaryň her biri öňde goýan maksatlarynyň amaly üçin şirin janyny pida bermäge her dem taýýardy...

**Sarahs söweşi**
**1039-njy ýyl**

Alyabatdaky gazanan ýeňşine ruhlanan soltan Masut Sarahsa ugrady, aňtawçylar toparynyň beren maglumatlaryna esaslanyp, Talhatanbaba galasynyň ýakynynda seljuk esgerlerini duzaga düşürmegi maksat edindi. Şu maksat üçin ol goşunyna diňe gijelerine ýol ýöretdi.

Soltan Masudyň bu maksady-da şow tapdy. Talhatanbaba galasyndan çykan seljuk esgerleri üç tarapdan hüjüme geçen soltan gulamlary bilen ýene mejbury ýagdaýda darkaş gurmaly boldy.

Aýylganç söweş başlandy.

Seljuklylar haýdan-haý guma çekilmek kararyna geldiler.

Ep-esli ýitgi çekip, guma çekildiler.

Soltan ýene ýeňiş gazandy.

Soltan serkerdelerine öldürilen seljuklylaryň göwdelerini depe-depe edip goýmagy tabşyrdy. Şondan soň ol söweş bolan meýdana dähedem-dessemläp aýlandy.

Eý-ho, giden göwde! Alyabatdakydan-a azrak!

Ýigrimi-otuz ýerde seljuklylaryň göwdeleri depe-depe bolup ýatyr.

Edil şonçarak depe gaznaly gulamlaryň göwdelerinden hem dö-rese gerek.

Soltan Masut göwde depelerini synlap durşuna kakasyny, onuň türkmenler hakda aýdan sözlerini ýatlady.

Soltan Mahmyt özüniň türkmendigine, özem gaýa türkmenlerindendigine, patyşa neberesindendigine buýsanardy. Türkmeniň gylyjynyň türkmene garşy göterilmeli däldigini zol-zol tekrarlardy. Geçmişde içki oňşuksyzlyklar zerarly türkmeniň türkmeni öldüren gezekleriniň köp bolandygyny aýdardy. Eger öz-özüni gyrmadyk bolsa, onda türkmenler hökman dünýäniň hökümdary bolardy. Soltan Mahmyt türkmenleriň eden ýowuzlyklaryna köplenç gözüni ýumardy, olara diňe ýagşylyk etmäge çalşardy.

Masudyň kakasy seljuklylaryň towakgalaryna hiç wagt ýok diýmeýärdi. Gör, ol seljuklylara näçe ýerleri ykta berdi, gör, näçe begi başbug göterdi. Soltanyň seljuklylar barada anyk pikiri bardy:

– Seljuklylar – kynyklar. Olar Oguz hanyň wesýeti boýunça gaýalaryň hyzmatynda durmaly, has takygy, serhetlerimizi gorap bermeli.

Hut Oguz hanyň wesýeti boýunça seljuklylar – kynyklar gaýalaryň – gaznalylaryň serhetleriniň goragynda durdular.

– Biz seljuklylaryň – kynyklaryň agyzlaryny aşa ýetirdik, mally-mülkli etdik, indem olar patyşa bolmak isleýärler. Indem olar biziň tagtymyza göz gyzdyrýarlar. Bu adamçylykdanmy? – diýip, soltan Masut zol-zol özüne sowal berýärdi. – Ýok, ýok, bular adam däl, bulary gyrmaly! Diňe gyrmaly! Bular ynsapsyz! Wyždansyz!

Türkmen türkmeni gyrýar.

«Pähim-parasatly soltan duşmany bilen ýaraşar, onuň bilen dostlukly gatnaşyk saklar. Emelsiz soltan wepadar raýatyny özüne duşman ediner».

Soltan Masut tekepbirligi, gopbamlygy bilen öz raýatyndan duşman gazandy.

Duşman döremeýär, duşman gazanylýar.

Soltan Masut hem özüne ýowuz duşman gazandy. Özem ol duşman – ölümini boýun alan, gorky-ürkini bilmeýän duşman, ol degnasyna degile-degile ahyr on alty gary kepene çolanypdyr: «Gylyç ýa kepen» diýip, ata atlanypdyr.

Indi olarda ölmekden ýa ýeňmekden başga ýol ýok.

Indi olar bilen ylalaşyp bolmaýar.

Soltan Masut söweşiň bolup geçen ýerine aýlanyp, kepene çolanyp ýatan seljuklylaryň jesetlerini synladygyça hopukdy. Sebäbi kepene çolanyp ýatan jesetleriň ählisiniň gözleri açykdy. Ol gözlerde, gör, näçe gahar-gazap, gör, näçe arman bardy. Olaryň bolup ýatyşlary ýene aýaga galyp, söweşmäge başlaýjaga meňzeýärdi.

Soltan seljuklylaryň nähili söweşýändigini görüpdi, söweş pursady Togrul begi-de görüpdi, gaznaly gulamlary gazap bilen paýhynlaýşyny görüp, hopugypdy.

Soltan söweş gidip duran pursady üç-dört sany pidaýyny ýanyna çagyrdy:

– Bar işiňiz, hana, şol egni ak eşikli pählewan serkerdäni öldürmek bolsun. Haýsy biriňiz şol serkerdäni öldürseňiz, men size uly bir welaýaty ykta hem ýigrimi bäş müň dinar berjek.

Pidaýylar soltanyň sözünden soň, seljuk beginiň üstüne uly hyjuw bilen topuldylar, ýöne yktaly hemem ýigrimi bäş müň dinarly bolmak olaryň nesibelerinde ýok eken, olaryň maňlaýyna şol maksat üçin pida bolmak ýazylan eken.

Soltan söweş bolan meýdanda aýlanyp ýörşüne özüniň Togrul begi öldürmek üçin ýörite ugradan pidaýylarynyň göwdelerini gördi, olaryň hem gözleri edil seljuklylaryňky deýin petreşip durdy…

* * *

**Sara**hsa gelen soltan goşuny ýadawdy. Bir ýyla ýeter diýlen azyk gory hem azalypdy.

Azyk gorunyň azalmagynyň günäkäri ýeke bir adamdy. Ol – goşunyň arizidi. Ariz baýamak maksady bilen goşunyň ähli zatlaryny deger-degmez bahasyndan satypdy. Adam bende umyda bil baglan ýerinde ýalňyşýar. Ariz hem seljuklylar bilen darkaş uzaga çekmez, olary şatyr-şutur ýeňeris, baýlyklary bize geçer, ana, şonda meniň satan zatlarym bilinmän galar diýip umyt baglady, ähli zat onuň pikiriniň tersine boldy, wagt ýel deýin kowsarlap, onuň eden etmişiniň üstüni açdy, şeýle bolansoň, ol aýbynyň açylmagyna garaşyp durman, seljuk begleriniň gullugyna gaçyp bardy.

* * *

**Selj**uk goşuny 1039-njy ýylyň iýul aýynyň 27-sinde Sarahsyň günortasyndaky Deh-i-Bazergakan diýen ýerde soltan goşunynyň üstüne hüjüme başlady.

Söweşe Çagry beg serdarlyk etdi. Ol öz adamlary bilen beýik bir depäniň üstünde durdy.

Söweş jylawdar goşunyň[8] umumy hüjümi bilen başlandy.

Seljuk begleri bu söweşde ilkinji gezek iki kelleli bürgüdiň şekili çekilen öz gara reňkli baýdaklaryny söweşe çykardylar.[9]

Ikikelleli bürgüt şekilli gara baýdak geljegiň umydyndan hem beýikliginden habar berýärdi. Köpler gara reňk yslamyň ilkibaşky reňki diýip düşündirýärdiler. Emma seljuk türkmenleriniň taryhy galkynyşy bilen baglanyşyklylykda, bu pikir hakykatyň diňe ýarydy. Her bir oýanyşyň hem galkynyşyň diňe bir täze reňki bolman, eýsem, bu düýpli hadysanyň gaty uzaklara gidýän taryhy esaslary hem bolýar. Özem ol esaslar köplenç tas unudylan, köpçülikleýin aňastyna giden gymmatlyklardan ybarat bolup çykýar. Seljuklylaryň baýdagynyň reňki, bir tarapdan, yslamyň reňkidi, çünki seljuk döwleti geljekde bütin yslamyň syýasy merkezi, onuň baýdagy külli yslamyň baýdagy bolmalydy. Emma, ýene bir tarapdan hem, gara reňk oguzlaryň baryp Oguz handanam öňki baýdagynyň reňkidi. Gara tug götereni üçin, Oguzyň kakasynyň adyda Gara han bolupdy. Gara reňk Oguzda päkligiň, kesgitliligiň, arkadaglygyň – raýatlaryňy öz salkyn kölegäňde ýaşatmagyň, kämilligiň alamaty bolan reňkidi. Gara ähli reňkleriň enesi, ähli reňkleriň jemi hasap edilýärdi. Ahyrsoňunda ähli reňkler gara dönýär. Oguzlaryň şeýle söýen hem aňk bolan älem giňişliginiň reňki-de garady ahyryn! Älemden beýik zat bolup bilermi?!

Ikikelleli bürgüt seljuk türkmen ruhunyň älemleriň girdabyny böwüsmäge taýyn bolanlygynyň suratydy. Onuň bir başy ak tarapa – Günüň dogan tarapyna, beýleki başy bolsa gara tarapa – Günüň batýan tarapyna bakyp dur. Bu bakyşda dünýäniň iki böleginem alaryn diýen ynam görünýär.

Gara ýüpekden edilen baýdak Çagry begiň arkasynda pasyrdaýardy. Ol söweşiň gyzan wagty eginleri jöwşenli iki müň atla baş bolup darkaşa girdi.

Togrul beg jylawdar goşunyň öňüne düşüp hüjüme girdi. Ol ölümini boýun alyp, wagşyýana gygyryp, elindäki gönderini, mizragyny[10] üznüksiz işledýärdi, soltan gulamlaryny paýhynlaýardy.

Jylawdar goşun ýaňy söweşe gyzanda sagdan hem soldan ylgary goşun hüjüme girdi.

Başynda tuwulganyň, egninde jöwşeniň, çarpaýanyň, aýaklarynda dyzlygyň bardygyna seretmezden, söweşde Togrul begiň ýedi ýerinden gyltyz ýara düşüpdi. Iň erbet ýeri, şol ýaralardan ganyň köp akandygydy: darkaş gidip durka, ganyňy saklamagyň gamyny edip bolanok ahyryn! Şol sebäpli begiň başy aýlanyp ugrapdy. Barybir, ol dört sagada çeken söweşde ganym duşman bilen nädip söweşmelidigini öz esgerlerine görkezip, olary ýeňşe ruhlandyrdy.

Soltanyň bäş müň gulamyny öldüren seljuklylar soltanyň esasy goşuny gelmezinden burun demirgazyga – Horasan (Oguz, Garagum) çölüne jiriň-miriň siňdiler.

Bary-ýogy dört sagada çeken söweşde seljuklylaryň soltan goşunyna ýetiren zyýany abyrsyz uludy. Diňe bir wepat bolanlaryň däl, ýaradarlaryň hem sany köpdi.

Soltan goşunyny jemläp, diýlen ýere barsa, ol ýerde diňe öz gulamlarynyň bäş müňden gowragy läş bolup ýatyrdy. Läşleriň içinde seljuklylaryň göwdeleri ýokdy. Olar wepat bolanlaryny alyp gidipdirler.

Soltan güýçli halyna biçäredigine örtendi.

Güýçli halyna özüni ejiz duýdy.

Ol odugyp iki ýana elewredi.

Seljuklylar howada gaýyp ýören ýalydylar.

– Hany, şolar! Hany! Görkeziň maňa! – diýip, soltan gygyrdy.

Seljuklylar, göräýmäge, hiç ýerde ýokdular, şol bir wagtyň özünde-de olar her bir depäniň aňyrsynda öňüňden çykyp, wagşylyga başlaýardylar.

Eger seljuk goşunynyň bir ýerde jemlenendigini eşitse, onda soltan şol ýere goşunyny sürüp baryp, maksadyna ýetjekdi. Alyabatda, Sarahsda nätdi? Göwdelerden depe döretdi, ýöne şol söweşlerden soň seljuklylar açyk darkaşa çykmadylar.

Ähli ýerde seljuk goşunyna derek toparjyklar bardy. Ol toparjyklar iki ýüz-üç ýüz atlydan kän däldi. Olar soltan goşunynyň üstüne gulanatdy çabgasy bolup inýärdi. Soltan goşuny ýaňy güýjüni jemläp, hüjüme sürnüp ugranda bolsa, ol toparjyklar gykuwlaşyp, jiriň-miriň bolýardy.

Seljuk begleri gykylyga aýratyn ähmiýet berýärdiler. Olarda ýörite gygyrýan sesi ýiti, şaňňy adamlar bardy. Olar käteler hüjüm etmän, görünmän, soltan goşunynyň dumly-duşundan «Ur, çap, öldür!» diýip, aýylganç-aýylganç gygyryşýardylar. Olar käte ýolbars bolup arlaýardylar, haýbat atýardylar.

Soltan Masut ýaşan ýaşyny hiç kimden gorkman ýaşady, ýöne seljuklylara sataşyp welin, rahatlygyny bütinleý ýitirdi, ýüreginde wehim-gorky döredi. Wah, Alynyň ala meýdanynda söweşmeli bolsa, şol söweşe soltanyň, ilki bilen, özi çykjakdy ýa öljekdi, ýa ýeňjekdi. Ýok, ol ýeňjekdi. Çünki gara güýç babatda, peýker-symmat babatda onuň bilen bäsleşip biljek ikinji bir begzada ýokdy. Ol muny açyk bilýärdi. Masut tagta çykmazyndan owal soltanlygyň iň daýaw pählewanlary bilen güýç synanyşardy, köplenç olardan üstün gelerdi.

Masut Togrul begi ele salsa, nädip jezalandyrjakdygynyň hem pikirini edipdi: ony bir aýlap, hatyn eşiginde Gaznanyň baş bazarynda görene göz edip masgaralamakçydy, soňundanam üstünden pil ýöretmekçidi, maslygyny bir aýlap, pilleriň saklanylýan ýerine zyňmakçydy. «Goý, piller onuň maslygyny bir aýlap basgylasynlar! Ýok, ýok, goý, onuň maslygyny piller bir ýyllap basgylasynlar. Soňundan onuň süňküni talhan edip, meýe garyp içjek!» Soltan Masut bu pikirini her gün aňynda aýlaýardy. «Eger şu maksadyma ýetip bilmesem, onda men bu dünýäden gözümi açyp, armanly giderin» diýip, ol zol-zol gaýtalaýardy.

Seljuk begleri balyk ýaly sypjykdy. «Ine, şu gezeg-ä bulary ele saldym» diýeniňde olar eliňden sypyp, gürüm-jürüm bolýardylar.

Olardan ýaňa gijelerine-de rahatlyk ýokdy, soltanyň dynç alyp ýatan goşunynyň üstüne sürnüp alagykylyk turuzýarlar. Ähli goşun turar. Anyklanyp görülse, seljuk esgerleriniň birki sanysy alagykylyk turzup geçip gidendir. Soň goşun dynç – gözüniň awusyny almak üçin ýene başyny çem gelen ýere goýar. At aýaklarynyň dükürdileri, seljuklylaryň başly-barat gykylyklary ýene eşidilip başlar. Garasaý, hiç kime uky, rahatlyk ýokdur. Tisgine-tisgine daňyňy atyrarsyň. Jahan ýagtylanda, görseň, üç-dört sany gulamyň kellesi çadyryň üstünde ýatandyr. Ýa birki kelle jyzanyň ujuna ildirilip goýlandyr. Bu wagşylygy göreniňde iniň tikenekleýär. Özem bu wagşylyk ýeke gezek däl, her gije diýen ýaly gaýtalanýar. Özem bu wagşylyk soltanyň çadyrynyň töwereginde edilýär.

Bir gije seljuk begleri hakyt soltan Masudyň iň gowy görýän, mydama münýän pilini ogurladylar.[11] Ýeri, muňa näme diýip, näme aýdarsyň?! Soltanyň gazanyny hem göz güýdüşdirip düňderip gidýär olar. Seljuklylar sebäpli kadaly naharlanyp hem bilenok ol indi.

Seljuk esgerleri soltan goşunynyň ähli zadyna ýetişip bildiklerinden talaň salýardylar. Özem olar diňe bir gije däl, gündizem talap ýördüler, soltan goşunynyň üpjünçilik bölüminiň zatlaryna talaň salmagy hasam gowy görýärdiler. Ýaňy dynç almagy üçin goýlan atlary-da gözüňi güýdüşdirip alyp gaçýardylar. Soltan goşunynyň zatlary göýä seljuk goşunynyň ogurlamagy üçin şu ýerik getirlen ýalydy. Özem olar gaty arkaýynlyk bilen talaň edýärdiler. Talaň edýändiris, ogurlyk edýändiris diýen pikir olarda ýok bolsa gerek.

Seljuklylaryň talaňçylygy, has anygy, ogurlygy gije-gündiz dowam edýärdi. Olar söweşmegi ýatlaryndan çykaryp, öz zatlaryny başga bir ýere eltmäge howlugýan ýalydylar: özlerinde ýarag, egin-eşik ýetmeýän ýaly, soltan gulamlarynyň ýaraglaryny alýardylar, egin-eşiklerini sypyryp, gulamlary çuw-ýalaňaç düwdenekledip goýberýärdiler.

Dogrusy, seljuk goşunynyň pisat ogurlyklary soltanyň aňyna hiç syganokdy. Ol her hili söweşi görüpdi, her hili söweş hakda eşidipdi, ýöne seljuklylaryňky ýaly utançsyz, bihaýa söweşi hiç ýerde görmändem, eşitmändem. Beýle alan-aldy, giden-gitdi söweş öňem bolan däldir, indem bolmaz. «Bu towky! Hakyky towky! Bulara söweşiji diýip bolmaz! – diýip soltan odanýardy. – E-eý, bu seljuklylaryňky ýaly, heý, doýmaz-dolmazlyk bolarmy?! Olar özlerine gerek zadam, gerek däl zadam äkidip otyrlar-a Ynsap-iba ýok bularda»

Soltanyň bu örtenmelerini seljuk begleri günübirin eşidýärdiler, onuň bolşuna, sözlerine hezil edip gülüşýärdiler. Soltanyň huguny çykarmak üçin her hili hokgalary oýlap tapýardylar. Ökde-ökde

hokgabazlary ýörite çagyryp getirýärdiler, olara köp mukdarda hak-heşdek töläp, gaznalylaryň garşysyna hokga tapdyrýardylar. Hokga tapmaga Kabyl hem ökdedi.

Sarahsyň eteginde hajyp Subaşy masgaraçylykly ýeňlenden soň, gaznaly emirler, aýratynam Horasanda ýaşaýan, işleýän emirler Horasanyň elden gitjekdigine, has dogrusy, gidendigine göz ýetirdiler. Özem doly göz ýetirdiler. Horasan seljuklylaryň depesinden Gün bolup dogdy.[12]

Seljuklylar gaznalylar üçin wagşy aždarha öwrüldi. Olarda seljuklylara garşy göreşmeli diýen pikir däl-de, tizden-tiz Horasandan gaçyp, başyňy halas etmeli diýen pikir bardy. Emirleri basga düşürýän zat nirä gaçmaly diýen sowaldy.

Nirä gaçmaly?

Nirä gaçsaňam, seljuklylar yzyňdan baraýjak, öldüräýjek ýaly bolup duýulýardy. Herhal, Gur ýoly bilen Hindiguş daglarynyň aňyrsyndaky Gazna şäherine aşmak olar üçin ýeke-täk çykalga bolup galdy.

* * *

Horasanyň amydy Abul-Fazl Sury bilen Bu Säh Hamduny welaýatyň hazynasyny Nyşapurdan Gazna alyp gitmek barada soltandan görkezme aldylar. Olar şu maksat bilen diwanyň ähli hazynasyny, baýlyklary Nyşapuryň günorta derwezesinden alyp çykdylar.

Hazynaly kerweniň iň soňky düýesi Nyşapuryň Günorta derwezesinden ýaňy çykanda şäheriň Gündogar derwezesinde iki ýüz atlysy bilen Ybraýym Ynanç (ynal) peýda boldy.[13] Ol şäher diwanyna ýörite ilçi ugratdy. Ilçi ynalyň sözlerini diwana ýetirdi:

– Biz ägirt uly goşun bilen Nyşapura gelýän Togrul begiň, Çagry begiň we Musa begiň ilçileri. Biz şäheriň ilatyna hiç hili garşylyk görkezmezligi maslahat berýäris. Eger garşylyk görkezseňiz, uçdantutma gyrjakdyrys. Biz – yslamyň din gylyjydyrys. Kim garamaýak musulmana sütem edýän bolsa, şol biziň duşmanymyzdyr. Biz şerigatyň, adalatyň howandarydyrys. Biziň maksadymyz diňe ýagşylykdyr, sogap gazanmakdyr.

Ybraýym ynalyň bu habaryndan soň şäheriň kethudalary kazy Seýidiň öýüne jemlendiler we maslahat etdiler.

Seljuk türkmenlerine garşylyk görkezmelimi ýa-da görkezmeli däl diýen sowala hiç kim anyk pikir aýdyp bilenokdy. Näme etmeli?

Nyşapurly adamlaryň Seýit kazynyň ýanyna üýşmekleriniň sebäbi, ol şäheriň parasatly adamlarynyň biridi.

Tekepbirlik şähere gaty gymmat düşjekdi. Onsoňam soltanyň garşysyna durmaga heder etmeýän seljuklylaryň Nyşapury ýer bilen ýegsan etjekdigi hemmä aýandy.

Seýit kazy bu mesele barada köpden bäri oýlanýardy. Ol seljuklylaryň şähere geljekdiklerini-de eşidýän habarlaryndan aňýardy. Şonuň üçin ol öz pikirini aýan eýledi:

– Ýadyňyzda bolsa, soltan Mahmyt Gaznaly Hindistana ýörişe gidende Ilek han Balha çozuş edipdi. Şonda şäheriň ilaty Ilek hanyň garşysyna çykdy, gorandy. Gazaply söweş boldy. Soltan Mahmyt Hindistandan dolanyp gelensoň, Balha bardy. Şonda öz görkezmesi bilen gurlan Bazari-Aşikanyň tozdurlandygyny-otlanandygyny görüp dergazap boldy, şäher ilatyny ýygnap, soltanlygyň raýatlaryny, şäherlerini, obalaryny goramagyň soltanatyň işidigini, parahat ilatyň soltanatdan bidin baş galdyrmaga, eline ýarag alyp söweşmäge hakynyň ýokdugyny, Balh şäheriniň otlanmagyna, haraba öwrülmegine diňe balhly ilatyň günäkärdigini, bu weýrançylygy üçin ilata jerime töletjekdigini aýdypdy hemem şäher emirini adamlaryň özbaşdaklyk etmegine, eline ýarag alyp Ilek han bilen söweşmegine ýol berendigi üçin jezalandyrypdy.[14] Balhlylaryň birmahalky kysmaty bu gün biziň başymyzda. Nyşapuryň ilatynyň soltandan perman bolmasa, eline ýarag alyp goranmaga haky ýok. Ilaty goramak soltanatyň wezipesi. Şäherde weýrançylyk bolsa, onuň öwezini soltan Masut şäher ilatyndan talap eder...

Seýit kazynyň bu sözlerini ýerli mülkdarlar, baýlar makulladylar. Netijede: «Seljuklylara garşy söweşmeli däl, Gaznadan goşun gelýänçä kysmata kaýyl bolmaly, garaşmaly» diýen pikir makul bilindi.

Nyşapur kethudalarynyň gelen netijesini Ybraýym ynala habar berdiler. Ybraýym ynal bu habary haýal etmän Togrul bege ýetirjekdigini aýtdy.

Şondan soň munadylar (jarçylar) bazarlarda, köçelerde Togrul Seljuklynyň ymgyr uly goşun bilen Nyşapura ýetip gelýändigini, onuň şäheriň ilatyna howandar boljakdygyny, garşysyna çykmaly däldigini jar çekmäge başladylar

Şäher ilatynyň arasynda Togrul begiň ýeňilmezekdigi, onuň Allatarapyn serdarlygy, gudratly adamdygy barada gürrüňler ýaýradylýardy.

Nyşapurlylar soltan Masudy mugyra getiren, ýeňen serkerdäni görmek üçin köçä çykdylar, ýöne gelmeli diýlen wagt geçip giden-de bolsa, Togrul beg gelmeýärdi.

Şäherde welin, Togrul Seljuklynyň gelmegine garaşylýardy, onuň göwnüni awlamak üçin taýýarlyk işleri geçirilýärdi. Hurremek bagy al-ýaşyl matalar bilen bezeldi. Bagy-Şadyýah köşgünde Togrul begiň dynç almagy, diwan ýöretmegi üçin ähli şertler döredildi. Soltanyň ýatyp-turjak otagy günde üç gezek syrylyp-süpürildi. Begiň hatynyny gowy görýändigi, onuň ýanynda kyrk çilteniniň bardygy hem göz öňünde tutuldy.

Şäheriň salar-buzgany[15] ilata düşündiriş geçýärdi: Togrul begiň adyndan şäher ilatynyň ähli hukuklarynyň goraljakdygyny, hiç hili sütemiň bolmajakdygyny, şäheriň ýene öňküsi ýaly parahat durmuşynyň ýola düşjekdigini tekrarlaýardy. Hatyp Ysmaýyl Sabuni hemem salar-buzgan şäheriň Bagak mähellesindäki baş metjitde Togrul begiň adyna juma namazynda hutba okamaga howlugýardylar.

Nyşapur Horasanda Merwden soň ikinji uly hem merkezi şäher hasaplanýardy. Şäher Tahyrylar hanedanlygynyň paýtagty bolupdy. Bu hanedanlykdan soň Nyşapury Amr Leýs Saffary öz döwletine merkez edinipdi. Hijriniň 287-nji (milady hasaby boýunça 900-njy ýyl) ýylynda Samanylar Buharany paýtagt edinenem bolsalar, Nyşapury Horasanyň Günbatar sebitini dolandyrmak üçin peýdalanypdylar.

«Nyşapuryň ini-boýy bir farsahdy. Suwunyň köpüsi çeşmedendi, onda ýüň, pagta köp, on üç obany we dört hanlygy öz içine alýardy»[16], şeýle hem şäher iki sany etrapdan, bir köne galadan, kyrk sekiz sany mähelleden ybaratdy. Şäheriň dört derwezesi, baş girelge derwezesi bardy. Jülähgäh diýlip atlandyrylýan ortaky mähellede üç ýüzden gowrak köçe bardy. Iň owadan binalary bilen meşhur bolan Foz, Bagabat mähellelerinde ulamalar, Bag-Razyýan, Nasrabat mähellerinde söwdagärleri ýaşaýardy, köçeleriň sany bäş ýüzden-de aňrydy. «Gündogaryň derwezesi» atlandyrylýan bu şähere gelýän adamlaryň, söwdagärleriň hetdi-de, hasaby-de ýokdy.

Nyşapuryň ilaty soltan Masut hem onuň Horasan boýunça amydy Abul-Fazl Sury tarapyndan ençe gezek talanypdy. Ilat ýene talanmakdan heder edýärdi.

Togrul beg nyşapurlylar üçin nätanyşdy, ertirki günleriniň nähili boljakdygy garamaýak halkyň esasy ünjüsidi. Adamlar Togrul beg hakda köpräk maglumat eşitmek isleýärdiler. Ybraýym bilen şäheriň kethudalary adamlary köşeşdirmek üçin Togrul begiň şäheriň emlägini gorap saklamaga, ilaty hormatlamaga, hak-heşdeklerini ýokarlandyrmaga, adamlaryň gowy ýaşamaklary üçin ähli mümkin bolan şertleri döretmäge kepil geçýändigini düşündirýärdiler.

Şäheriň ilatynyň ýedi günläp gözlerini ýolda goýan Togrul beg ahyryl-ahyr üç müň atly goşunyň öňüne düşüp geldi.

Begi garşylamaga ähli nyşapurlylara baş bolup, ymam Muwaffak an-Nyşapury çykdy.

Togrul beg şäher ilatyny haýrana goýdy. Ol özüniň gyr atynyň üstünde otyrdy. Ýaýy egnindedi. Üç sany ok guşagyna berkidilendi, begiň köp ýerini lowurdap duran sowut örtýärdi. Şeýle hem egninde mülkamdan[17] edilen kaba[18], başynda tawwaziden[19] peş, aýagynda oraýany keçe ädigi bardy.

Nyşapurlylar Togrul begi görlüp-eşidilmedik dabara bilen garşy aldylar. Ol şäheriň Tahyr ibn al-Hüseýniň gurduran Bagy-Şadyýah köşgünde atdan düşdi. Onuň adyna juma güni metjitde hutba okaldy.

Togrul beg ymam Muwaffak an-Nyşapurynyň gatnaşmagynda öz döwletini yglan etdi. Şol günüň ertesi şäher ilaty begiň dergähine ýygnandy, beg olary kabul etdi. Togrul beg Seýit kazynyň çagalary bilen gelenini görüp, ýerinden turup, gadyrly salamlaşdy hem oňa öz gapdalynda oturmaga orun berdi.

Duşuşyga ymam al-Kuşaýrynyň[20] yzyndan çakylykçy ýolladylar, ýöne ol gelmedi.

Togrul beg soň onuň yzyndan ymam Muwaffak an-Nyşapuryny ýollady.

– Men Togruldan dokuz ýaş uly, goý, onuň özi ýanyma gelsin – diýip, al-Kuşaýry ýene tekepbirlik etdi. Şondan soň, Togrul beg nyşapurly ulamalaryň birnäçesi bilen medresä ugrady.

Togrul beg baranda ymam ýerinden gozganmady, onuň ýanynda ogullary – Abu Sagyt Abdylla, Abu Sagyt Abdylwahyt, Abu Mansur Abdyrahman, Abu Nasr Abdyrahym, Abilfath Ubeýdylla, Abylmuzaffar Abdylmunagtym we müritleri otyrdy. An-Kuşaýry Togrul bege oňa gapynyň sag tarapyndan oturmaga ýer görkezdi.

Duşuşyk dartgynly geçdi.

– Eý, Muhammet Togrul, men sen hakda eşitdim. Abylhaýyr Abu Seýidiň saňa döwletlilik patasyny berendigi hakda-da eşitdim. Seniň Nyşapura geljekdigiň hakda indi bir hepde bäri şäheriň köçelerinde jar çekip ýörler. Meniň eşidişime görä, sen hanafy mezhebine uýýan bolmaly. Şu günden başlap, sen meniň uýýan, wagyz edýän şafy[21] mezhebine munadylar uýmalysyň. Soltan Mahmydy – goý, onuň ýatan ýerini Beýik Perwerdigär jennet etsin! – hem şafy mezhebine uýanlygy sebäpli öz döwründe uly derejelere ýetendir. Sen hem uly derejelere ýetmek isleseň, onda meniň diýenimden çykmaly dälsiň. Meniň her bir

sözüm seniň üçin kanun bolmalydyr. Sen şu oturan meniň ogullarymyň, egindeşlerimiň, müridlerimiň öňünde maňa ýylgaý sygynjakdygyň, meniň sözümden çykmajakdygyň hakda söz ber, ýogsam Horasan halky seni kabul etmez...

Togrul beg ýerinden turdy.

– Eý, belent mertebeli al-Kuşaýry! Men siziň sözüňizi mukyt diňledim. Indem size şeýle jogap berýärin. Aramyzda hiç mahal düşünişmezlik bolmasyn. Siz biliň, Togrul ibn Mykaýyl ibn Seljuk diňe bir keramatly güýje ynanýar, ol keramatly güýç hem Beýik Perwerdigärdir. Men Beýik Perwerdigärden başga hiç kimsä sygynmaryn.

– Yzzat özüňe gerek.

– Dogry, ýöne ol yzzat, berilýän zat däl, ony gazanmaly.

– Bu näme diýdigiň bolýar? Horasan maňa sygynýar, meniň yzyma düşýär.

Togrul beg medreseden çykyp gaýtdy.

Ol ölse mezhebinden dänjekmi?! Ata-baba däp-dessura wepaly türkmeniň hatda dinini üýtgetse-de, däbini üýtgetmändigi oýlandyrýan zat. Bu aýratynlyk milletiň mazmunynda üýtgemeýän ululyklary üýtgeýän ululyklardan has rüstem gelýändiginiň nyşany. Milletiň uzak ýaşyny şeýle iki hili ululygyň özara gatnaşygynyň mynasybeti kesgitleýär. Türkmenler yslamyň ala-böle hanyfy mezhebini-de şol gatnaşygyň hökmürowanlygy sebäpli kabul edipdiler. Çünki bu mezhep olaryň yslamdan öňki urp-adatlaryny aman alyp galmaga rugsat berýärdi.

Heminzamanyň geçmişe öwrülip, gaýyba gitmezligi üçin, ony häzirkiligine galdyrýan durnukly ýaşaýyş serişdelerini tapmak hemem amala aşyrmak gerek. Türkmeniň urp-adaty, däp-dessury şeýle serişdelerdendir. Olar milli ýaşaýyş derejesindäki bakylyk dilidir. Olar milletiň özenini emele getirýär. Bu özen durnukly bolanda, halkyň durmuşyndaky täzelikler, daşyndan näçe üýtgeşik hem düýpli görünse-de, bu özeniň daşky reňki bolup galýarlar. Daşky reňk edil eliň kiri ýaly bolýar-da. Ol sähel suw degdigi, ýuwulýar gidýär. Emma ýuwlup gitmände-de, ol özen babatda hemişe hemem diňe ikinji ähmiýetlidir. Ol reňk milletiň nämedigi hem nähilidigi barada suwytly zat aňladybam, düşündiribem bilmeýär. Daşky reňkiň millet üçin täze taryhy şertlerde ömrüni dowam etdirmek üçin daşky dünýä bilen tas gutulgysyz bir barlyşykdygyna düşünmeli. Ýöne bu daşkynlyk içki özene näçe bap bolsa, şonça-da uzak saklanýar.

* * *

**Ny**şapuryň Bagy-Şadyýah köşgi seljuk begleriniň hoşuna geldi. Köşgi Leýs Saffarynyň weýran edendigi barada köp gürrüň edýärdiler. Herhal, samanylar bu köşgi öz döwürlerinde täzeden dikeldipdirler. Köşkdäki soltan Masudyň tagtyny hem täjini gören seljuklylar onuň owadanlygyna aňk boldular.

«Soltan Masudyň tylla täji we tagty üç ýylda millionlarça dirhem sarp edilip ýasalypdy. Tagtyň hemem täjiň ikisem sap tylladan bolup, gymmatbahaly göwherler, ýakutlar, dürler bilen bezelipdi, zerlenen zynjyr bilen asylyp, petige birleşip durdy. Tagtda dürli şekiller, ösümlik şahalary ýaly suratlar bolup, hemmesinde däne şekilli göwherler asylypdy. Tagtyň dört tarapynda bürünçden edilen dört sany adamyň şekilinde heýkel sütüni bardy. Ol heýkel sütünleri ellerini we aýaklaryny ýazyp, zerli tagtyň ýokarsyndaky zerli täji onuň agramy patyşanyň depesine düşmez ýaly ýaýyp saklap durdy. Soltanyň başgaby hem-de kellesi bu uly täjiň aşagynda ýerleşýärdi».[22]

Tagt bilen täç Togrul begiň hem hoşuna geldi.

Seljuk döwleti yglan edildi. Togrul beg patyşa saýlanyldy.

Şalygyň diwany döredildi.

Togrul begi dabaraly ýagdaýda tagtda oturtdylar hemem ony «Esoltanul-muazzam»[23] diýip atlandyrdylar.

Şäherde iň mertebelenýän, Horasan dikmesi Abul-Fazl Surydan köp zulum gören Bu-l Kasym Togrul begiň gullugynda durmaga höwes bildirdi. Diňe ol däl, gaznaly şalygynda hyzmat eden sowatly, barjamly kişileriň ençemesi hem Togrul bege hyzmata durmaga höwes bildirdi. Gaznaly şalygyndaky gulluk edýän gulamlaram topar-topar bolup gaçyp gelip, Togrul begiň goşunynda gulluga durýardylar.

Bu habar soltan Masuda ýetdi.

Sabyr käsesi dolan soltan elli müň atly goşuny, üç ýüz pili bilen seljuk türkmenleriniň üstüne: «Ýa – men, ýa – sen» diýen kesgitli maksat bilen ýola düşdi.

Seljuklylar arzyly maksatlaryna ýetdiler: «balyk suwuň ýüzüne çykaryldy».

## Dokuzynjy hekaýat

## ULY DÄL-DE, KIÇI DAŞA BÜDRELÝÄR

I.

Nyşapur şäherinden bir menzil gündogarda, Merwe gidilýän ýoluň ugrunda Ryzaguly Par diýen orta ýaşly mülkdaryň – käbir kişi oňa Ryzaguly Türkmen diýip ýüzlenýär – kerwensaraýy ýerleşýär. Bu kerwensaraý Horasanda iň datly togdaryly palawy bilen adygan. Diňe bir bezirgenler däl, bu sebitiň golaý-goltumyndaky barjamly adamlar hem kerwensaraýa togdaryly palaw iýmek, birki gije-gündiz gerdun pelegi unudyp, dynç almak üçin daýymyl-wagt gelýärler. Şeýle bolansoň kerwensaraýyň ýetmiş iki otagynyň boş güni seýrek bolýar. Bu ýerde bezirgenleriň düýedir atlaryna-da gowy idi edilýär. Esasy zat – puluňy gysganmasaň bolany.

Kerwensaraýyň hyzmatkärleri gelenleriň öňlerinden çykyp, olary dilguşalyk bilen garşy alýarlar.

Töwerekde ygym-sagym çaşyp ýatan zat görünmeýär. Berk tertip-düzgüniň bardygy kerwensaraýyň giň derwezesinden giren badyňa duýulýar.

Bezemen hem birmeňzeş geýnen, dilkeş ýüzli hyzmatkärler salamlaşykdan soňra näçe wagtlyk, nähili dynç almak isleýändigiňi soraýarlar.

Kerwensaraýyň durmuşa çykjak gyzyň aýnasy deýin arassa suwly serhowzy bu ýere gelýänleriň janyna hoş ýakýar. Olar tomsuň jöwzaly yssy günleri naharlanmazdan burun serhowza girip-çykyp tämizlenýärler.

Ýoluň sag gapdalynda ýerleşen bu kerwensaraýyň daşyna on-on iki zirag beýiklikde haýat aýlanypdyr. Gündogar nagşy bilen haşamlanan, iki açylýan agaç derwezäniň iki tarapynda beýik küňre gara görnüm aralykdan magallaklap görünýär. Hütdüjik külbelerden ybarat bolan, obadan bäş ýüz-alty ýüz zirag çemesi daşlykda aýratyn duran bu kerwensaraý soňky on ýylyň içinde ençeme gezek talaňa düşdi. Göze ýakymly görnen ýekeje zadyny hem goýman talasalaram, Ryzaguly Par üç-dört aýyň içinde kerwensaraýyny ýene öňki kaddyna getirmegi başarýardy.

Abul-Fazl Surynyň hökmürowanlygynyň soňky günleri hem kerwensaraýy talamak taladylar. Her hili talaňçylyk bolanda-da, Ryzaguly Par kerwensaraýda aňsat-aňsat görünmeýärdi. Ýogsam ony öldürmek islän talaňçylaram köp bolupdy.

Mundan üç aý öň Ryzaguly Paryň kerwensaraýyna görmegeý symmatyna gelişmeýän sal-sal eşikli[1] Ybraýym ynal gelipdi. Ol mundan beýläk Horasan ilinde Togrul begiň patyşalyk etjekdigini aýdypdy. Şonda Ryzaguly Par Ybraýym ynaly ýaňsa alypdy:

– Eşegiň guýrugy ýere ýetendemi?

Ybraýym bu sözi ýokuş görüpdi.

– Eşegiň guýrugy ýere ýetmez, Togrul beg welin, ýene sanalgyja günden Horasana patyşa bolar, Masudy Horasandan kowarys. Şonda ikimiz ýene duşuşarys, aýdan sözüň telekdigini boýun alarsyň. Häzir bu sözüň üçin men saňa hiç hili jeza berjek däl.

Ybraýymyň sözi hak çykdy, eşegiň guýrugy üýtgemedi, ýöne Togrul Nyşapura patyşa boldy.

Bu dünýäde hiç bir zady geň görmeli däl.

Bu dünýäde hiç bir zada bolmaz diýmeli däl.

Ryzaguly Par sebitiň barjamly adamlary bilen bilelikde Togrul begi kerwensaraýyň deňinde duz-çörekli garşylady. Uly toý berdi. Şol günüň ertesi bolsa, şäheriň abraýly, barjamly adamlary, emirleri bilen Togrul begiň kabul edişligine gatnaşdy. Nähili ýardam gerek diýilse, gaşyny çytmasyzdan eçildi. Şondan bäri sebitde bezirgenler parahat işläp başladylar. Togrul beg bezirgenleriň howpsuzlygyny öz üstüne alýandygy, olara hyýanat edilen ýagdaýynda özüniň aýaga galjakdygy, Horasanyň parahat ýaşaýşyny bozýan adamlary jezalandyrjakdygy barada söz sözledi. Bezirgenleriň Nyşapura başga welaýatlardan galla, azyk önümlerini getirmeklerini towakga etdi. Togrul begiň: «Horasanyň ilaty köp zulumlary gördi. Mundan beýläk men bu ülkäniň howandarydyryn. Horasanyň ilatyna zulum edýän adam meniň ganym duşmanymdyr. Şu günden başlap, bu ülkäniň ilatynyň parahat hem bolelin ýaşamagy meniň gije-gündizki aladam bolar. Perwerdigär maňa bu ülkä hossar çykmagymy tabşyrdy. Men Perwerdigäriň öňündäki parzymy amal etmek üçin gujur-gaýratymy gaýgyrmaryn. Horasanyň ilatynyň bolçulykda, parahatçylykda ýaşaýandygyny görýänçäm maňa dynç almak haram bolar. Perwerdigäriň maňa tabşyran bu mukaddes parzynyň amalýetine päsgel berýän kişi dörese, onda şol kişi meniň hut öz doganym bolsa-da, oňa geçirimlilik edip bilmerin. Meniň üçin Perwerdigäriň ähli bendesi, Muhammet pygamberiň ähli ymmaty deňdir!»

Ryzaguly Par Togrul begiň adamlaryň öňüne çykyp aýdan bu sözlerinden soň, kerwensaraýyna begenjine guş bolup uçup dolandy. Gelse, kerwensaraýy talanypdyr, özem hyzmatkärleriň eşiklerine çenli talanypdyr.

Ryzaguly Par bu talaňçylygy seljuklylaryň edendigini bilip, sesini çykarmady, Togrul bege arz etjek bolmady. Çünki, ýatagan öz gynyny kesmeýär. Togrul beg hem bir kerwensaraýyň sahybynyň sözi üçin öz adamyna jeza berermi?! Belki, talaň Togrul begiň tabşyrygy bilen bolandyr?! Teshyr edilen ýerlerde olja ýygnamak gadymdan gelýän resim ahyryn! Ähli gulamlar diňe olja tamakinçiligi bilen söweşýärler! Ryzaguly Türkmen bu zatlara düşünýär, şonuň üçin-de bolan ahwalaty içine saldy.

Togrul beg: «Maksadymyň amal bolmagyna garşy çykýan öz doganym bolsa-da, men oňa geçirimlilik etmerin, berk jeza bererin» diýdi! Diýmesine, diýdi, ýöne Ryzaguly Par «Bir ýazykdan är ölmez» diýen pikire gol berip, bu bolan talaňçylygy tötänlige ýorup, indi gaýtalanmazlygyny dileg edip, kerwensaraýa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, işi ýola goýmak bilen boldy. Arman, talaňçylyk sowulman eken. Şol wakadan ýigrimi gün geçip-geçmänkä Togrul begiň goşunyndan Ahmet hyýlbaşy[2] atly biri ýüz atly bilen geldi:

– Şu günden başlap, maňa her aýda ýüz dinar berersiňiz. Meniň aýdyşym ýaly etseňiz, üstüňizden guş hem geçip bilmez, ýöne meniň aýdanymy etmeseňiz, ýa meni Togrul soltana satjak bolsaňyz, onda günä özüňizdedir. Garşyma çykylsa, mende rehim-şepagat bolmaz. Men göni bir aýdan gelerin.

Ryzaguly Paryň otuz tanap mülk ýeri, alty süri dowary bardy. Onuň kerwensaraýdan görýän peýdasy aýda üç ýüz – dört ýüz dinardan artyk däldi. Ol her aýda on dinary zekat, haraç töleýärdi. Onuň rişwet (para) berýän adamlaram az däldi.

Ryzaguly Par bir aýlap hyýlbaşydan nädip dynyp boljakdygy barada oýlandy, ýöne anyk çykalga tapmady.

Togrul Nyşapuryň öňki ähli emeldarlaryny diýen ýaly işden boşadyp, öz adamlaryny belläpdi. Öňki wezipesinde diňe Seýit kazy ýaly abraýly adamlar galypdy. Agyr günde Ryzaguly Para mydama Seýit kazy kömek edýärdi. Şeýle bolansoň, Ryzaguly Par ýene kaza içini dökdi. Bu habary eşiden Seýit kazy egnini ýygyrdy. Soňam:

– Men hiç zat bolmadyk ýerden seniň habaryňy Togrul bege aýdyp bilmerin. Sen hyýlbaşyny nädibem bolsa bir gezek razy et. Ana, şondan soň, bu habary, her näçe agyr-da bolsa, gozgap bilerin. Allatagala keremdir, ol bir çykalga tapyp berer – diýdi.

Bu gün Ahmet hyýlbaşynyň kerwensaraýa gelmeli günüdi. Şonuň üçin kerwensaraýyň adamlarynyň howsalalary özlerine ýetikdi. Olaryň gözleri ýoldady, biçak gorkýardylar. Mundan iki gün öň üç hyzmatkär kerwensaraýdan gaçyp gidipdi. Bir hyzmatkär «keselläp» işe gelmändi. Olara-da düşünmeli: hiç kimiň ölesi gelenok.

* * *

**Ýassy namazynyň wagty boluberende kerwensaraýa Merw tarapdan ýaşlary durugşan bahadursypat goja hatynak hatyny bilen geldi. Är-aýal uzak ýoldan gelýän bolarly, ýöreýişleri ýadawdy. Zenanyň başyna nykap atylandy.**

**Är-aýalyň goş-golamy yzlaryndaky gök ýorga ýüklenendi.**

**Är-aýaly ýigrimi ýaşlaryndaky uzyn boýly, ýylgyryp duran nurana ýüzli hadym garşylady:**

– Hoş geldiňiz, saýybym.

– Myhman alarmysyňyz?

– Alarys, alarys. Geliň-geçiň! Biz hyzmata taýýar – diýip, hadym gök ýorganyň rişdesini aldy. – Ýüküňizi nädeýin?

– Maňa berjek otagyňyza eltseňizem bolar, ýogsamam amatly bir ýerde goýaýyň. Ýükümiz – ýorgan-düşegimiz bilen gaýry zerur hajatlarymyz.

– Uzak ýerden gelýän ekeniňiz?

– Dogry, Horezminden gelýärin.

– Çagalaryňyzy Horezminde goýup gaýtdyňyzmy?

– Haý, inim – diýip, bahadursypat goja uludan demini aldy. – Näme diýeýin men saňa?! Hawa, çagalarymyzy goýup gaýtdyk. Ol ýerde Şamälik diýen ganhor hökümdar döredi. Ol bizde çaga-da goýmady, öý-de. Çagalarymyzy ýere düýnäp, hazzar başymyzy alyp çykdyk.

Hadym agyryly sowal berendigine ökünip, çym-gyzyl boldy:

– Men hata iş etdim: derdiňizi gozgadym, ýüregiňizi agyrtdym. Meniň günämi ötüň, saýybym.

– Şamäligiň günäsiniň ýanynda seniňki günä-de däl, inim – diýip, nätanyş hyrçyny dişledi.
Başga bir hyzmatkär är-aýaly göz-göz otaglaryň birine eltdi.
Kerwensaraýyň öňünde garşy alan uzyn boýly birinji hadym bilen edil bir almany iki bölen deýin meňzeş ikinji ýigit uly bolmadyk otagda biri uly, biri kiçi iki desterhan ýazdy. (Olaryň ulusy erkek kişi, kiçisi zenan maşgala üçindi).
– Saýybym, biziň kerwensaraýymyz Horasanda iň gowy kerwensaraýlaryň biri hasaplanýar – diýip, desterhançy süýjüdip gürledi. – Biz myhmanlarymyza näme tagam islese, taýýarlap berýäris. Käbir bezirgen daga gidip sülgünmidir saýgak awlap gelýär. Onsoň öz awlan awundan islän tagamyny bişirmegimizi buýurýar. Biz myhmanymyzyň isleýşi ýaly edýäris. Eger aw awlaryn diýseňiz, bizde gowy tazylar bar, gowy atlarymyz bar. Aw torlary, ok-ýaý hem bar. Eger wagtyňyz az bolsa, saýgak sürülerimiziň içinden saýlap birine ok atsaňyz, biz size şol saýgakdan hem islän tagamyňyzy bişirip berip bileris. Käbir myhmanlarymyz bizde üç-dört günläp bolýarlar, olaryň bizden gidesleri gelenok. Siz hem bizde birki gün dynç alyň.
– Ýok, ýok, sag bol, inim. Biz sizde birki gün bolup bilmeris. Ertir daň bilen ýola düşeris.
– Bu gerdun pelekde nämä howlugýarsyňyz, saýybym?! Ömür – genji-badawert[3], howluksaňyzam, howlukmasaňyzam geçer gider.
Myhman desterhançynyň bu sözlerini diňläp, esli salym dymdy, soňam:
– Ertir Nyşapura – Togrul begiň ýanyna barmakçy – diýdi.
Desterhançy nätanşa geň galyp seretdi:
– Togrul begi ýakyndan tanaýarsyňyzmy?
– Togrul begi tanaýarys, ol hem bizi tanaýar, ýöne onuň hatynyny has ýakyndan tanaýarys. Çünki meniň hatynym Kalbyna Togrul begiň hatyny bilen bile ösüp-ulalypdy. Olar ýaşlykda iň ýakyn joradylar.
– Togrul begiň merdana hatynynyň bardygy hakda menem kän gezekler eşitdim. Basan ýerinden ot çykýarmyş onuň. Jadygöýmüş ol. Oňa ok kär etmeýärmiş. Endamyna düşen ýara hem Aýyň ýagtysyna bitýärmiş. Ýetmiş iki dil bilýärmiş, söweşe girse, iki ýüz-üç ýüz adamy sähel salymda paýhynlaýarmyş diýýärler. Ol Togrul patyşany-da bir elinde ýokary göterýärmiş diýýärler. Togrul begiň hatynyny ýakyndan tanaýan bolsaňyz, günüňiz gelipdir, saýybym. Siziň möhümiňiz hökman biter.
– Biz Altynjana inçe umyt bilen barýarys, inim. Gawşfinj şäherimizde-hä durarlyk galmady. Babam pahyr Harur Aksungar Şamäligiň elinden öldi. Şamälik tutup bilse, hatynym ikimizem öldürjekdi. Herhal, biz gaçyp ýetişdik, ýöne ol biziň öýümizi tozdurdy, otlady, çagalarymyzy, hyzmatkärlerimizi uçdantutma öldürdi. Indem, görşüň ýaly, sopbaş galdyk. Togrul patyşanyň dergähine barmakçy, ýalkasa, ýaz, gargasa, gara gyş bolar.
– Enşa, ýalkar.
– «Ýalkar» diýip gaty ynamly aýdýarsyň-la, inim? Sen bu sözi ýöne ýere aýdýarsyňmy ýa bir zada esaslanyp aýdýarsyňmy?
– Ynha, görersiňiz, sizi gujak açyp garşy alarlar.
– Adamlar wagtyň geçmegi bilen üýtgäberýärler. Biz-ä bärden barsak, uly umyt bilen, Togrul beg hem: «Biz siz ýaly tumaýaklary tanamzok» diýse, nähili bolarka diýen gorky bar içimizde.
– Togrul begiň maksady gowy, ýöne... – diýip, desterhançy pikirini aýtjagyny-aýtmajagyny bilmän biraz dymdy.
– Ýönäň näme?
– Ýönämmi? Togrul patyşanyň tutumy gowy, ýöne onuň wezir-wekilleri gowy däl. Olar Togrul begiň ýanynda ýalym-ýulum edip, ýanyndan gaýdansoň bolsa, başga adama öwrülýärler, baýamak üçin hars urýarlar. Bar sütem ilata düşýär. Togrul patyşanyň... – Desterhançy diňşirgendi.
Daşardan gykylyk eşidilip ugrady. Desterhançy ötünç sorap, daşary çykyp gitdi.
Gökhun ör turup, çala açyk işikden daşaryny synlady.
Daşarda seljuk esgerleri mag berýärdi.
Aýak sesleriniň ýakynlaşýandygyny aňan Gökhun ýerine baryp oturdy.
Işik açyldy, üç-dört seljukly esger içerä göz aýlady:
– Bular kimler?
Hadym gorka dillendi:
– Bular iş agtaryp ýören är-aýal.
– Nireden gelipdirler?
– Balhdan gelipdirler, sahybym. Bularyň ähli dogan-garyndaşlaryny, çagalaryny soltan Masut öldüripdir, öýlerini bolsa otlapdyr. Indi bularda hiç zat ýok, bir döwüm tötek üçin iş gözläp ýörler.

– Eý, goja! – diýip, esgerleriň biri başyny ýerden galdyrman oturan Gökhuna ýüzlendi: – Sen ýönekeý goja meňzemeýärsiň, ýanyňda nämäň bar? Näçe puluň bar bolsa, okla bärik. Ýogsam içiňden ýatagany geçirerin.

Gökhun goltugyndan bir düwünçek çykaryp, eliniň tersi bilen işige bakan oklap goýberdi.

Düwünçegiň içindäki dinarlary görüp, gözleri nurlanan esgerleriň biri hadyma ýüzlendi:

– Hany, sen bu garry göherdiň hiç zady ýok, bir döwüm tötek üçin iş gözläp ýör diýdiň-ä? Munça dinary bar adam biriniň gapysynda gulluk etmez. Bu goja ýöne-möne goja däl diýdim-ä men.

– Bir ýyl mundan owal biz tütjar baýdyk, bu gün şol baýlykdan galan iň soňky baýlygymyzy – düwünçegimizi size berdik. Utançsyzlar! Berlenini az gördüňizmi? Belki size egnimizdäki eşiklerimiz-de gerekdir? – diýip, hatynak hatyn zöwwe ýerinden galdy. – Size belanyň sapy gerek dälmi?

– Eý, eý, heleý, gapyl!

– Heleý-de bolsam, sen tetelli erkekden müň esse gowudyryn. Eger adam bolýan bolsaňyz, iň soňky ýüz dinarymyzy alman, gaýdyp beriň!

– Eý, heleý, gapyl diýýärin men saňa! Ýene ýeke agyz gürleseň, içiňden ýatagany geçirerin.

– Beýtmäge seniň gaýratyň çatmaz! Ony etmäge syrt gerek, syrt!

– Merhemetli sahyplarym, bu bagtyýatan adamlara rehim ediň! – diýip, hadym esgerleriň öňüne böwet boldy.

– Eý, hadym, sen näme samahyllaýarsyň?! Bil, biz bagty ýatan adamlar däl. Bagty ýatan adamlar seniň öňüňdäkiler. Bu pälazanlaryň eden etmişlerini biz Muhammet Togrul bege aýdarys, hökman aýdarys.

Esgerler hatyn bilen deň bolmagy özlerine kiçilik bilip, beýleki otaglary barlamak üçin gitdiler. Hadym yzyna öwrülip geldi-de:

– Geplemäň, geplemäň! – diýip özelendi.

– Bular-a etjegini etmeli, bizem dymmalymy? Togrul bege aýdyp, gözlerinde ot ýakarys biz bularyň!

– Gepleme, ýalbarýaryn. Rast, geplejek diýseň, onda kerwensaraýdan çykyp geple. Tä öldürýänçäler gürle. Şu ýerde ölme! Ýogsam, bize maslyklary depin etmegem dert. Myhman otagymyzy gara gana boýajak bolma! – diýip, hadym naýynjar dillendi. – Ganyň ysy syçanyň ysyndanam erbet, birki aýlap aýrylmaýar.

– Sende günä ýok, ýöne bu mahawlara beýle hökmürowanlygy etmäge kim rugsat beripdir?

– Soň aýdaryn, soň! Häzir şular gidýänçä hiç zat diýme, aýal dogan, hiç zat diýme! Bular häzir gidýär. – Hadym Gökhun goja ýüzlendi. – Eý, saýybym, gaýrat edip, bu dilli kelläňe birsellem «Gapyl!» diý! Ýogsam, bu özüniňem, seniňem öldürilmegiňe sebäp bolar. Gaýrat et!

* * *

Ryzaguly Par Seýit kazy bilen maslahatlaşan-da, oňa söz beren-de bolsa, hyýlbaşy Ahmede talap eden ýüz dinaryny bermedi. «Ahmet hyýlbaşy gelse, ine, şu ýigrimi dinary beriň. Başga bir hepbämiz-de ýok» diýip, Ryzaguly Par öz hyzmatkärlerine ýigrimi dinar goýup, ambarda gizlendi. Bu talaňçylyk ýüz dinaryň berilmändigi üçin bolýardy. Hyýlbaşy kerwensaraýdaky ýolagçylardan üç ýüzden gowrak dinar jemledi.

Seljuk esgerleri hyzmatkärlerden kerwensaraýyň eýesi Ryzaguly Paryň tapyp getirilmegini talap edýärdiler. Hyzmatkärler bolsa öz hojaýynlarynyň iki gün mundan öň Tusa gidendigini nygtaýardylar.

Hyýlbaşy Ahmet ýene bir aýdan geljekdigini, şol gelen wagty talap eden dinary taýýar bolmasa, onda kerwensaraýdaky adamlary uçdantutma öldürjekdigini, kerwensaraýy bolsa ýer bilen ýegsan etjekdigini tekrarlap gitdi.

Seljuk esgerleri gidenden soň kerwensaraýda ep-esli wagtlap dym-dyrslyk höküm sürdi. Hiç kim gürlemeýärdi. Ähli kişi doňan ýaly bolup durdy.

– Men bu zatlary Togrul soltanyň hatyny, joram Altynjan melikä hökman aýdaryn. Hökman aýdaryn. Bularyň gözlerinde ot ýakdyraryn – diýip, hatynak hatyn otagdan çykyp gygyrdy. – Ýerçeken, biziň ähli dinarymyzy alyp gitdi.

– Kalbyna, içeri gir! – diýip, Gökhun başyny galdyrman oturyşyna azmly gygyrdy.

Kalbyna içeri girip, adamsynyň gapdalynda aşak çökdi. Gaharyna bäs gelip bilmän özbaşyna hüňürdedi:

– Men bu zatlary Togrul patyşaga aýdaryn, Altynjana-da aýdaryn! Gözlerinde ot ýakaryn men bularyň!

Gökhun doňan ýaly bolup, gozganman oturyşyna hatynyna gö-wünlik berdi:

– Allatagala bizlikdir. Ähli zat gowulyk bolar, enşa!

Hadym kürsäp içeri girdi.

– Eý, ýaşuly, sen nädäýdiň? Ýüz dinar berip goýberdiň-le sen?
– O zatlar bilen seniň işiň bolmasyn, sen bize owkatlyk getir.
– Sizde indi bir dirhem hem ýok. Owkatlygyňyzy nädip hasaplaşjak?
– Nädip hasaplaşjagym bilen işiň bolmasyn, alamanyňa ýüz dinar beren adam senem boş goýmaz.
Hadym Gökhuna geňirgenme bilen serede-serede çykyp gitdi. Ep-esli wagtdan soň, dört sany epeý kişi içeri girdi.
Gelenleriň arasyndaky mapraç kişi saglyk-amanlykdan soň, Gökhuna ýüzlendi:
– Eý, ýolagçy! Men şu kerwensaraýyň eýesi Ryzaguly Türkmen. Maňa siz barada, Togrul begiň atlylaryna ýüz dinar berendigiňiz barada aýtdylar. Men siz bilen tanyşmak isleýärin. Siz maňa özüňiziň kimdigiňizi aýdyp bilmermisiňiz?
– Meniň kimdigim size näme gerek?
– Maňa aýdyşlaryna görä, siz Togrul begiň ýanyna barýan bolmaly. Meniň bolsa, ýurduň abadançylygy, baýamagy, adalaty üçin oňa ýetirmegi parz bilýän zatlarym bar.
– Hadymlaryňyz gaty bilesigeliji oglanlar eken, olar men hakda eýýäm ähli zady bilýärler. Siz näme bilmek isleseňiz, şolardan soraberiň.
– Olar meniň tabşyrygymy ýerine ýetirýärler, ýöne meniň adamlarymdan size ýamanlyk gelmez, arkaýyn boluň.
Gökhun birsellem dymyp, söze başlady:
– Meniň kunýam – Gökhun bin Harur bin Aksungar, Horezminiň Gawşfinj şäheriniň häkimi bolup işledim, ýöne häzirki döwürde häkimem däl, hiç kimem däl. Bary-ýogy bir harwarlyk ýüküm bar.
– Hatynyňyz Kalbyna Togrul begiň hatyny Altynjan hatynyň ýakyn jorasymy?
– Size dogry aýdypdyrlar: hatynym Altynjan melikäniň ýakyn jorasy. Biz Nyşapura uly umyt baglap barýarys, ýöne ol ýerde bizi nähili garşylajakdyklaryny anyk bilmeýäris.
– Erkeklere görä hatynlar öz joralaryna has wepaly hem yhlasly bolýarlar, biri-birini goldaýarlar. Siziň hatynyňyzy hem Altynjan hatyn goldar. Ol meniň eşiden rowaýatlaryma görä, biçak edenli hatyn bolmaly.
– Rowaýatlary?.. – diýip, Kalbyna gyzyklandy.
– Hawa, hawa, ol hakda köp gowy rowaýatlary eşitdim.
– Rowaýatlar arkaýynçylyk ýeriniň gürrüňi – diýip, Gökhun beg rowaýat eşitmek islemeýändigini duýdurdy. – Siz Togrul begi gördüňizmi?
– Hudaýa şükür, gördüm, hakyt elleşip salamlaşdym. Togrul patyşa gaty üýtgeşik kişi eken.
– Nämesi üýtgeşik onuň?
– Gyr atyň üstünde egni jöwşenli, çaraýnaly, tuwulgaly, dyzlykly, bir elinde ýaý bilen ok tutup oturyşy, gaty haýbatly symmaty teý göz atuwymdan aýrylanok meniň. Ýörände ädimi uludan däl-de, näme üçindir, kiçiden alýan eken. Meni haýran galdyran zat onuň diýýän sözleri. Onuň diýýän sözlerini men öň ýeke patyşadan hem eşitmändim. Ol gürlände özüne kökerýär. Ol Nyşapura gelen gününiň ertesi uly bir kabul edişlik gurady. Şol kabul edişlige gatnaşdym. Töwereginde adam kändi, şonuň üçin onuň bilen ine-gana gürleşib-ä bilmedim, diňe elleşip salamlaşdym. Murty iki tarapa peýkam ýaly gezelip dur. Kimiň saçy ýogyn hem berk bolsa, şol adamyň polat erki bardyr diýýärler. Togrul begiň gezelip duran murtundanam onuň berk erklidigi görnüp dur. – Ryzaguly Türkmen birsellem böwrüne diň saldy. – Togrul begiň Ybraýym atly bir dogany bar eken.
– Ybraýym diýdiňizmi?
– Hawa, ol patyşanyň dogany. Ol gije-gündiz ylgap, işläp ýören nazarkerde serkerde. Mähriban kişi, nurana kişi. Eşiklerini görseň welin, nebsiň agyrýar. Patyşanyň inisi, serkerde diýer ýaly däl, egin-eşigi hakyt sal-sal, hakyt kir. Men ony kerwensaraýa çagyryp, ýuwundyryp, eşigini täzeläbem biljekdim, ýöne beýtsem, onuň maňa nädogry düşünmegi, gaharynyň gelmegi mümkin. Ondan her hili ýowuzlygyň çykmagy mümkin...
– Ybraýym barada näme üçin beýle pikir edýärsiňiz...
– Men bütin ömrüme adamlar bilen iş salyşdym, şonuň üçinem adamlaryň daşky keşmerlerine seredip, olaryň käbir gylyk-häsiýetlerini bilýärin.
– Ybraýymy ýowuz hasaplaýarsyňyzmy?
– Hawa, men ony gaty ýowuz adam hasaplaýaryn.
– Siz onuň ýowuzlygyny gördüňizmi?
– Ýok, görmedim.
– Onda näme?
– Men aýtdym ahyryn ol sal-sal eşikde diýip.

– Sal-sal, kir eşikli adamlar ýowuz bolýarlarmy?

– Bir söz bilen aýtsam, hawa, şeýle adamlar ýowuz bolýarlar. Ybraýymyň üst-başyna geleň etmezligi, sal-sallygy onuň geleňsizligini aňladýar. Geleňsiz adamlar bolsa şowsuzlyklara köp uçraýarlar. Şowsuzlyklar Ybraýym ýaly adamlaryň gaharyny tiz getirýär. Şowsuzlykda oňyn çözgüt tapman köplenç ýowuzlyklara ýüz urýarlar. Onsoňam özüne üns bermeýän kişiniň özgä-de üns bermejekdigi düşnüklidir. Ybraýym tekepbir adam bolmaly. Tekepbir kişiler bilen düşünişmek kyn bolýar. Olar ýaly adamlaryň akyl käsesi öz akyly bilen doly bolýar, başga biriniň akylyny almaýar, sebäbi akyl käsesinde ýer ýok.

Gökhun kerwensaraýyň eýesiniň Ybraýym hakda mundan artyk gürlemegini islemedik bolarly, onuň sözüni böldi:

– Sen Togrul patyşaga meniň näme habar ýetirmegimi isleýärsiň? Onsoňam ýaňky gelip giden talaňçylar kimler?

– Meniň Togrul patyşaga ýetirmek isleýän möhüm habarlarymyň biri Horasanyň öňki hökümdary Surynyň hazynasy hakynda, ikinji habarym – özüm üçin iň ähmiýetli habarym bolsa, ýaňky talaňçylyk bilen baglanyşykly. Ýaňky talaňçylyk eden serkerdä Ahmet hyýlbaşy diýýärler. Ol Horasanyň köp kerwensaraýyna aýda salgyt salýar. Özem ol salgyt Togrul begiň hasabyna däl, ýok, diňe onuň käbir emeldarlarynyň hasabyna. Men bu zatdan Togrul begiň habarsyzdygyny anyk bilýärin. Begiň ynamyndan peýdalanyp, eden-etdilik edýärler. Beg Horasanyň ilatyny iki ýyl salgytdan boşatdy ahyryn! Ahmet hyýlbaşy bolsa aýda ýüz dinar bermegimi talap edýär. Wah, patyşalyk üçin ýa sogap, haýyr-yhsan üçin gerek diýseler, onda men ýüz dinar berjek, ýöne haramylyk üçin ýeke nohut hem bermek islemeýärin.

Bir hyzmatkär gelip, Ryzaguly Paryň gulagyna çawuş çakdy. Onuň habaryny diňlän Ryzaguly Par baş atyp, Gökhuna ýüzlendi:

– Gökhun beg, eger garşy bolmasaňyz, Kalbyna bibi goňşy otaga geçsin, meniň hatynym siziň hatynyňyz bilen owkat edinmek isleýär. Biz hem siziň bilen aýratyn naharlanaly!

– Ýok, biz häzir gaýtmakçy.

– Siz gije ýatmakçy ekeniňiz-ä?!

– Hawa, başda ýatmakçydym. Indi ýatmakçy däl. Men Nyşapura howlugýaryn. Bu bolan wakany bege tizden-tiz ýetirmegi borjum hasaplaýaryn. Onsoňam hasaplaşar ýaly, mende bir dirhem-de ýok indi.

– Siz beg kişi, ýoluňyz düşende üzülişjegiňize men ynanýaryn.

– Ýok, ýok.

– Onda gaýrat edip, Togrul patyşaga hyýlbaşynyň eden-etdiligi hakdaky habary ýetiriň. Her kim meni Abul-Fazl Sury ýaly baý hasap edýär, Surynyň baýlygy ýaly baýlygy bardyr öýdýär. Ýöne onuňky ýaly baýlyk mende nireden bolsun?! Meni her aýda, her hepdede talaýarlar. Ähli kişi Ryzaguly Paryň üstüne baýlyk ýagyp durandyr öýdýär, bezirgenden bir dirhem almagyň nähili hupbatlydygyny bilenok adamlar. Men adamlara teý düşünemok. Talajak bolsa, hyýlbaşy Ryzaguly Paryň kerwensaraýyny däl-de, Abul-Fazl Surynyň Pumba etrabyndaky gizläp goýan hazynasyny talasyn.

– Abul-Fazl Surynyň hazynasy Pumba etrabyndamydyr?!

– Ine, meniň Togrul bege ýetirmek isleýän esasy habarym. Sury Horasanyň hazynasyny Nyşapurdan çykaran-da bolsa, ony entek Gazna aşyryp bilenok. Gazna aşyrmak üçin amatly pursada garaşýar ol. Ähli ýerde Togrulyň adamlary seredip duransoň, häzir edip bilýän zady ýok. Wa-daryg-a, meniň janym ýanýar. Elimde goşunym bolsa, göni Pumba etrabynyň Mikali galasyna gitjek, ähli baýlyklaram alyp gaýdyp Togrul patyşaga berjek.

– O näme üçin Togrul patyşaga? Arzuw edeniňde beri: «Özüm aljak» diý.

– Ýok, ýok, dogan, ol hazynany men halal ojagyma getirip bilmerin. Ol hazyna – Horasanyň halkynyň gözýaşy. Ol gözýaşy öýe getirsem, meni Allatagala halamaz. Öz gazanjym özüme nesip etse, maňa dünýäde başga hiç zat gerek däl.

– Ýagşy dilegde bol!

Gökhun bilen Kalbyna üsti ýükli gök ýorgany yzlaryna tirkäp, Nyşapura bakan ýola düşdi.

## II.

Togrul beg gije dynjyny alyp, aladaňdan oýandy. Hyzmatkärler eýýäm hyzmata gaýym bolup durdular. Beg daşarda ýazylan düşegiň üstünde aýbogdaşyny gurap oturdy. Iki sany inçesagt hyzmatkär bolsa, bege ýasama sakgal oturdýardy.

Begiň egnine dökülip duran buýra-buýra saçy bardy. Elli ýaşa ser uransoň, onuň uzyn saçlary altynsow öwüsýärdi. Murt ony haýbatly görkezýärdi. Sakgalyň oturdylmagy bilen ol pähimdar goja öwrüldi.

Togrul begiň sakgal oturtdyrmasynyň iki sebäbi bardy. Birinji sebäp belli bir derejede ýüzüni örtmek – özüni tanatmazlyk bilen baglanyşyklydy. Ikinji sebäp – özüniň türkmendigini ýaşyrmakdy. Ine, bu esasy sebäpdi. Çünki köp musulman halklary ýaly, türkmenler gojalyk ýaşyna baraýmasalar, aňsat-aňsat sakgal goýbermeýärdiler.

Elbetde, günde sakgalyňy syrdyrmak – Togrul her juma güni sakgalyny syrdyrýardy – aňsat däldi. Şeýle-de bolsa, Togrul beg murtuna timar berýärdi, sakgalyny syrdyrýardy. Onuň iki sany dellegi bardy.

Iki hyzmatkär öz işine ezberdi. Sebäbi olar bu günki işlerini birinji gezek edenokdylar, olar Togrul begden derwüş-de, gedaý-da, täjir-de, ulama-da ýasapdylar. Olara näme etmelidigi – bu gün begiň kim bolmalydygyny aýdaýmalydy, galan zatlary olaryň özleri oňarýardy.

Iki hyzmatkäriň öňünde goýlan bu günki wezipe Togrul begi ötegçi sopa öwürmekdi.

Ötegçiniň goş-golamy bolmaly. Elbetde, ol goş-golam Nyşapurda taýýar edilipdi. Häzirki edilmeli iş bege sopynyň egin-eşigini geýdirmek bilen sakgal oturtmakdy.

Hyzmatkärler diňe sakgal oturtmak bilen çäklenmediler, begiň gaşyna ep-esli ak gaş hem goşdular, soňam kellesine köne bir peşi omrakaý sümürdiler. Ine, saňa gözüňe süweýin sopy. Gözlerine siňe seredäýmeseň, garşymdaky Togrul patyşadyr diýip pikir eder ýaly däl.

Hyzmatkärler bege sag gözüni ýumup gezmegini maslahat berdiler. Ýöne beg sag gözüni ýumsa, sol gözi-de biraz süzüldi.

– Altynjan taýýarlyk görýärmikä? – diýip, Togrul beg garşysynda aýbogdaşyny gurup oturan Peýkama ýüzlendi.

Peýkam gozganman oturyşyna jogap berdi:

– Altynjan taýýar, hymasynda saňa garaşýar.

Togrul beg weziri Abylkasym Buýanyny ýanyna çagyrdy. Oňa özüniň maksadyny – etmekçi bolýan işini düşündirdi. Wezir begiň pikirini onçakly oňlamady:

– Begim, häzirki döwürde deýlemli[4] bolup ýat ýere barmak örän hatarly. Şonuň üçin siz özüňizi deýlemli diýmän başga bir ýerden geldim diýseňiz, gowy bolar.

– Sen howatyrlanma, wezir, maňa hiç zat hem bolmaz. Men ätiýaçly bolaryn. Goý, olar meni bagty ýatan deýlemli hasap etsinler. Hatynym ikinji betbagtlygym bolsun. Men hatynym bilen Deýlemden Gazna barýaryn. Meniň aslym Gaznadan bolsun. Meni birmahal soltan Mahmyt Gaznaly Deýleme gönderen eken. Men Deýlemde soltanyň tabşyrygyny ýerine ýetiripdirin. Indi meniň halymdan habar alýan ýok. Şonuň üçin ölmänkäm gara göwrämi Gazna atmagy makul bildim. Men mazarymyň dogan-garyndaşlarymyňkydan alysda bolmagyny islämok.

– Togrul beg, Abylkasym örän hak aýtdy, bu gün deýlemli bolmak örän hatarly. Deýlemlilerden ýaňa jany ýanyp ýören adamlar kän. Asyl deýlemlilerden sütem görmedik adam ýok. Şonuň üçin obanyň adamlary üstüňe arlap ýeňseler, biz bärden kömege ýetişip bilmeris. Soňky puşmandan hem peýda bolmaz – diýip, Peýkam howatyrlandy. – On-on bäş haşym derwüş eşiginde ýanyňda bolsun.

– Gerek däl. Men halkyň deýlemlilere hem seljuklylara garaýşyny göreýin.

Şunuň bilen gürrüň gutardy.

* * *

**Togr**ul beg aw awlamak üçin mirşikarynyň ýolbeletliginde iki müňden gowrak atly bilen Nyşapuryň Bust etraby bilen Turaýsys etrabynyň aralygyndaky tokaýlyga geldi. Beg aw awlamak üçin diýip gelen-de bolsa, esasy maksady aw däldi, ötegçi sopynyň eşiginde Bustuň etegindäki obalaryň hanakalaryna aýlanyp görmekdi, ol ýerde edilýän gürrüňleri gulagy bilen diňlemekdi, bolýan ahwalatlary, wakalary gözi bilen görmekdi.

Togrul begiň Bustuň etegindäki obalaryň hanakalaryna aýlanyp, ol ýerleriniň ýagdaýy bilen tanyşmak islemeginiň sebäbi mundan bir hepde öň üç kişiniň köşge ýörite arz bilen gelmegidi. Olaryň aýdan sözleri Togrul begi iňkise salypdy, şol aýdylan zatlary ýerinde barlap görmek üçin hem bu ýere gelipdi.

* * *

**Argun ib**n al-Perhat atly Deýlemden gelýän sopy öz dogduk mekanyna gitmek üçin ýerinden turdy, egnine içi bir döwüm zagaraly keşkulyny atdy. Onuň hatyny Gülýüzli hem öz hymasyndan çykdy.

Argun garşysynda duran garry kempiri tiňkesini dikip synlady:

– Kim sen?

– Eý, Argun sopy, halys garrapsyň, öz hatynyň Gülýüzlinem tanaňok, sen.
– Gülýüzlimi sen?! – diýip, Argun güldi.
– Eýsem, kim bolaýyn?! Gülýüzli men.
– Gowuja seredeýin onda, obanyň içinde ýitirip, soňundan «Buý-a meniňki däl» diýip ýörmäýin.
– Sag gözüňe näme boldy?
– Jamedarlar obada görere gowy zat ýok, bar zady görmek üçin bir gözem ýeterlik diýdiler.
– Sesiňiz-ä öňki – diýip, Gülýüzli adamsyna gülüp bakdy.
– Onda ugraly, Gülýüzli kempir.
– Hatyndyryn, ärimiň emrine kaýyldyryn.
Argun hatynyny iki örküçli, üsti goş-golamly düýä mündürdi. Soňam düýäniň öňüne düşüp, pyýadalap ýola düşdi.
– Oturyşyň rahatmydyr? – diýip, Argun düýäniň üstünde oturan hatynyndan birki gezek sorady. Hatynyň rahat oturandygyndan kanagatlanan Argun süňňüýeňillik bilen gadam urdy.

* * *

Togrul bu gezek gadymy oguzlaryň durmuşyndaky bir täsinligi ýurdy edara ediş işinde ulanmagy müwessa bilipdi. Bu örän ýerlikli boljakdy. Islendik meseläniň oňyn çözgüdine eltýän iş ýerlikli iş ahyryn!
Däp halkyň ruhy sypatynyň milli durmuşda ýüze çykmagyndan, onuň durmuşda amal bolmagyndan başga hiç zadam däl. Oguz-türkmen ruhunyň bir sypaty-da keşpleşmek, bir närsäniň başga biriniň sypatyna girmegi.
Togrulyň Argun, Altynjanyň Gülýüzli bolmagy oguz ruhunyň oýnundan habar berýärdi. Durmuşyň özünden gizlin hakykatyny açmak üçin, adatça, oýun gerek bolýar. Oýun bolman, diňe dünýäde çyn bolsady, onda ýaşaýyş birtaraplaýyn köçe ýaly zat bolardy. Bir reňkli ýaşaýyş bolardy.
Şeýle keşbe girişlik Togruldyr Altynjanyň durmuşynda soňam köp gezekler bolupdy. Olar hatda özlerinden bihabaram, gör, näçe gezek özge keşbe giripdiler. Çünki söz bar ýerinde keşp hem bar. Adam geplemäge ukypsyz bolsady, onda başga keşbe, özgäň derisine girmek zerurlygy bolmasa-da bolmazdy. Söz adamy gönümel barlykdan aýrybaşgalaşdyrýar, söz adama ýalaňaç dünýäni eşikli, gözel hem manyly bir zada öwürmek üçin derkar. Söz üýtgäp-özgerip, her hili öwsüp durýar, adamam sözüň yzyna eýerip üýtgäp-özgerip durmak gylygyna eýe bolýar. Muňa diriligiň oýny diýilýär.

* * *

Güýzüň soňky günleridi. Dal-daragtlary tebigatyň Ezraýyly – hazan ýeli dalansoň, daş-töwerek sarymtyl öwüsýärdi. Tokaý daragtlary tyllasöw ýapraklaryny ýere düşek edip ýazypdy. Haýsy tarapa seretseň, tokaýlykdy, daglykdy. Dagyň tokaýlyga çümüp oturan giň jülgesi hasyly ýygnalan peller bilen uzap gidýärdi. Töwerekde ünsüňi egleýän zat nazara kaklyşmaýardy.
Aladaňdan iki müň atly toparyň arasyndan çykyp gaýdan düýeli gojany yzarlaýan ýaly, al-asmanda äpet bürgüt pel-pelleýärdi, uzak gitmeýärdi. Ol göýä Argun ibn al-Perhada garawullyk edýän ýalydy, ganatyny käte bir hereketlendirip, al-asmanda gaýyp ýördi.
Ýiti nazarly bürgüt äwmän-telesmän öz beýikliginden ýerdäki bolýan ähli zatlary synlaýardy, howluganokdy.
– Ýokarda begiň bürgüdi bar – diýip, Gülýüzli bürgütden gözüni aýyrman dillendi. – Görýärsiňizmi, Argun sopy?!
– Görýärin, görýärin, Gülýüzli kempir – diýip, Argun bürgüdi höwes bilen synlady. – Oguz han ýörişe ugranda onuň öňüne gökböri düşüpdir, ýol görkezipdir, meniň öňüme bolsa, görşüň ýaly, hana, şol bürgüt düşýär. Bu bürgüt Nur etrabyndan çykyp gaýdanymdan bäri meni garawullaýar. Özem, haýran galaýmaly, öňüme şu bürgüt düşende işim mydama şow alýar. Bu bürgüt, meger, Alla tarapyndyr?! Bu ýerde bir hikmet-ä bar, ýöne men ony anyk düşündirip bilemok. Men ýörişe ugrajak bolanymda ýokaryma seredip, bürgüdi agtarýaryn. Bürgüdiň ýokarda ganat ýaýyp ýörendigini görüp, ynam bilen ýola düşýärin.
Hakykatdanam, bürgüt düýesini iýdip barýan Argundan uzaklaşmady, nirädir bir ýere gitse-de, biraz salymdan dolanyp geldi. Özem ol gökböri deýin Argun sopynyň barýan ugruny görkezýän ýalydy, öňdedi.
Altynjan bürgüde seredip barşyna Tümen daýysynyň: «Men ölsem, ruhum bürgüde öwrüler, sizi goraryn» diýen sözlerini, şeýle hem ýaşlykda her gezek bürgüt görende: «Ber gut!», «Ber gut!» diýip, dileg edip gygyryşyny ýatlady. Bu zatlar hakda «Argun sopa» her näçe aýdasy gepse-de, dymdy.

– Altynjan, biz ýaşkak bürgüt görsek: «Ber gut! Ber gut!» diýip gygyryşardyk hemem oňa näme arzuw edýändigimizi aýdardyk. Sizem şeýdip dileg salardyňyzmy?

– Men häzirem dileg edýärin.

– Näme dileg etdiň?

– Men jan saglygyny diledim, rowaçlyk diledim.

– Onda maňa diňe jahangirlik diläýmek galypdyr-da? – diýip, Togrul beg güldi. Bürgüde ellerini serip, gygyryp dileg etdi: – Eý, bürgüt, ber gut, bagt ber! Jahangirlik ber! Külli musulmana hökmürowanlyk etmäge izin ber!

* * *

Argun düýesini iýdip aladaňdandan tä günortana çenli dag jülgesiniň beýikli-pesli depeleriniň arasy bilen ýöredi. Ahyr ýoda burundyk baglyga çümüp oturan uly bir obanyň üstünden eltdi.

Bu oba Kundur[5] diýlip atlandyrylýardy. Obanyň bu ady götermeginiň sebäbi bu ýerde, esasan, kundur ýetişdirilýänligi we kundur söwdasynyň edilýänligi bilen baglanyşyklydy. Täjirler uzak ýerlerdenem bu ýeriniň kunduryndan satyn almak üçin gelýärdiler. Onuň hem sebäbi başga ýerleriň kundurlary bilen deňeşdireniňde bu ýeriniň kundury görnetin gowudy. Onsoňam: «Kundur – sopularyň hanakasy bar bolan ýedi obanyň biri».[6]

Obanyň bir gyrasyndan gelip giren Argun sopy sopularyň hanakasynyň nirededigini bilmek üçin oýnap ýören oba oglanlarynyň iki sanysyny ýanyna çagyrdy.

Oglanjyklar sopynyň sowalyna hiç hili jogap bermän, beýleki hütdük külbelerden tapawutlanyp duran öýe bakan ylgap gitdiler, ol öýden bir juwany alyp geldiler.

Ýüzi-gözi gülüp duran nurana juwan gelip, edep bilen salam berdi, Argun sopyny aýaly bilen obanyň hanakasyna alyp bardy.

Juwanyň bolşy aşa gadyrlydy, ylla ençe ýyldan soň ýegre dostuny tapan ýalydy, geleniň kimdigi bilen asla gyzyklanmaýardy: hanakalaryň birine ýerleşdirjekdigini, iýip-içmekleri, dynç almaklary üçin ähli şertleriň bardygyny, bu ýerde dürli şäherlerden gelen derwüşleriň, galandarlaryň, ulamalaryň kändigini, olaryň ylmy pikir alyşmalar gurnaýandyklaryny ýolugra aýtdy.

– Eý, goçgar, sen biziň kimdigimizi, nireden gelip, nirä barýandygymyzy soramadyň-la? – diýip, Argun nurana juwana ýüzlendi.

– Gelen gonagyň kimdigini soramak gelşiksiz bolar. Taňrynyň ähli bendesi deň. Taňrynyň ähli bendesi – gonak. Bizde: «Myhman atańdan uly» diýilýär.

– Taňrynyň ähli bendesi bu dünýä gonak diýeniň dogry, ýöne ähli bendesi deň diýeniň dogry däl. Adam adamdan parhly. Dünýäniň manysy-da şol parhda. Biler bolsaň, goçgar, baran obalarymyzyň birnäçesinde bizi myhman almadylar...

– Oňarmandyrlar – diýip, juwan gyýyyldy.

– Meniň kimdigim seni şindem gyzyklandyranokmy, goçgar?

– Siz bu gün biziň obamyzyň gonagy. Ine, meniň üçin iň esasy zat şu. Diýmek, meniň borjum obamyza gelen kişilere gowy hyzmat etmeli, olaryň biz hakda gowy pikirde bolmagy üçin çalyşmaly. Siz özüňizi maňa ýaramaz adam hökmünde görkezmäge çalyşýarsyňyz, ýöne men adamlary bir görenimde tanaýaryn.

– Meni-de tanadyňmy?

– Tanadym.

– Hany, aýt!

– Siz erenlerden pataly kişi.

– Ýalňyşýan bolaýma?!

– Ýok, ýok, men ýalňyşamok, ýöne meni bir zat geň galdyrýar.

– Näme?

– Siziň ýekeligiňiz.

– Men ýeke däl, ýanymda hatynym bar.

– Menem şony aýdýaryn: ýanyňyzda hatynyňyzdan başga hiç kimiň ýoklugy meniň akylyma sygmaýar.

– Meniň ýanymda kimdir biri bolmalymy?

– Siziň ýanyňyzda köp adam bolmaly.

– Näme üçin?

– Sebäbi siziň özüňize çekiji, özüňize tabyn ediji içki güýjüňiz bar. Şeýle güýjüňiz barka siziň ýekeligiňiz maňa juda syrly görünýär.

– Sen onda men babatda ikinji gezek ýalňyşdyň.
– Ýok, saýybym, men aňsat ýalňyşmaýaryn. Siz begzada neberesinden bolmaly.
– Bu sözüň-ä dogry.
– Siz taýsyz batyr adam. Siz taýsyz pähimdar adam. Siz sopularyň eşigini geýen bolsaňyzam, sopuçylyk bilen günemaňyzy dolaýan adama meňzemeýärsiňiz. Ýogsa-da siziň sag gözüňize näme boldy?
– Sag gözüm dogabitdi görenok.
– Gabagyňyzyň tirpildäp durşy sag gözüňize bir zat bolandygyndan habar berýär.
Argun syry açylyp barýan ýaly howlukmaç gürledi.
– Synçylygyňa göwnüm ýetdi. Sen şa köşgünde işlemäge mynasyp goçgar ekeniň. Men Deýlemden çykanymda gözüme bir zad-a gaçdy, çala azar berýär.
– Deýlemden diýdiňizmi?
– Hawa, Deýlemden. Näme üçin sägindiň? Meniň aslym Gazna şäherinden. Sen dogry aýtdyň, men begzada neberesinden – soltan Mahmyt Gaznalynyň neberesinden. Men hem edil Mahmyt ýaly Gaýa neberesinden, Men öň soltan Mahmyt Gaznalynyň köşgünde işleýärdim. Ol meni Deýlem welaýatyna işe ugratdy. Men ol ýerde on bäş ýyllap gulluk etdim. Indem, özüň bilýärsiň, soltan Mahmyt ýok, Horasana seljuk begleri hökümdar boldular. Deýlemde-de seljuk jemagatlary hökümdarlyk edýärler. Indiki maksadym sag-aman öz garyndaşlarymyň arasyna gowuşmak, Masudyň ýanyna barmak.
– Hä, ýaňky «Baran käbir obalarymda meni myhman almadylar» diýen sözüňiz düşnükli indi maňa. Beýle bolsa, onda Gur ýoluna düşýänçäňiz, siziňki aňsat bolmaz. Men hem raýisimize habar etmän, sizi hanaka ýerleşdirip bilmerin. Siz maňa şu ýerde biraz garaşyň, habar berip geleýin.
– Öz raýisiňe aýtmak hökmanmy, eý, goçgar?!
– Aýtmasam bolmaz.
– Sen bu hakda raýisiňe aýtma, men saňa ýüz dinar bereýin.
– Saýybym, men sizden towakga edýärin, meniň ýanymda öz mertebäňizi peseltmäň. Şu habary siz maňa aýtmadyk bolsaňyz, özüňiz üçin gowy bolardy, ýöne siz ynsabyňyzyň öňünde päkligiňizi saklamak üçin hakykaty aýtdyňyz. Indem meni satyn alyp, mertebämi peseltjek bolýarsyňyzmy? Men öz mertebämi herki zatdan ýokarda goýýaryn, ynsabymy, mertebämi hiç mahal dinara, baýlyga çalyşmaryn. Eger çalyşsam, onda bu halallyk öýüne gadam basyp bilmerin. – Hoşroý juwan gaty-gaty ýöräp, kileň juwar ak eşikli sopularyň ýygnanyşan ýerine ugrady. Megerem, ol obanyň raýisiniň ýanyna däl-de, hanakanyň sahybynyň ýanyna gitdi.
Hälki nurana juwan köp wagt geçmänkä peşeneli bir kişiniň yzyna düşüp geldi.
Sahyp sowuk-sala saglyk-amanlyk soraşandan soň, esasy gürrü-ňe geçdi:
– Eý, Allanyň bendesi! Biziň hanakamyzda edil şu mahal orun-ýer ýok, olaryň ählisi doly. Siz bizden aýyplaşmaň. Biz sizi kabul edip biljek däl.
– Bize köp ýer gerek däl...
– Bizde ýer ýok.
– Biz hanakanyň daşişiginde ýatybereris.
Sahyp sypaýyçylyk bilen Arguny kowup bilmejekdigine düşündi:
– Eý, goja! Sen meniň dek başymy depirjik äre berjek bolma! Tizden-tiz şu ýerden git!
– Näme üçin?
– Git diýdim, git, gutardy! Git! Gep düşündirip oturmaga wagtym ýok meniň.
– Siz näme üçin meni Allanyň öýünden kowýarsyňyz? Meniň näme ýazygym bar? Men hem edil siz ýaly musulman. Özüm sünni, hanafy mezhebine uýýaryn. Siz hem şeýle bolmaly. Biziň ählimiz dogan. Biziň ählimiz Allanyň bendeleri. Hanakalar hökümdarlara däl-de, Allatagala tabyn.
– Derrew şu ýerden git! Ýogsamam zor bilen eliňi-aýagyňy güýlüp obadan çykararyn!
– Şu sözleri aýtmaga gaznalylardan iýen duzuňdan utan! Seni şu derejä ýetiren gaznalylardyr.
– Men seniň nagylyňa mätäç däl!
– Men Deýlemden gelýändigimi aýtsam, juda gorkduňyz. Täze seljuk hökümdary şeýle rehimsizmi?
– «Gorkduňyz?» diýip, «Rehimsizmi?» diýip, gyşyk gürrüň etme! Hökümdaryň talabyny berk berjaý etmek her bir raýatyň borjy. Men öz borjumy berjaý edýärin. Onuň üçin menden nägile bolmaga hiç kimiň haky ýok.
– Meniň Deýlemden gelýändigimi, Gazna barýandygymy ikiňizden başga hiç kim bilenok, siz maňa ýagşylyk ediň!
– Şu ýigit sizi obadan çykaryp goýberer.
Juwan sypaýy ýylgyrdy:

– Ýörüň, men sizi ugradaýyn.
– Biz gije meýdanda ýatalymy? Bize gije ýatar ýaly ýer beriň. Daň bilen gideris.
Sahyp Arguna ýigrenç bilen seretdi:
– Äl, kejeňek goja ekeniň!
– Meniň öýle namazyny okamaly wagtym boldy.
– Obadan çykyp oka.
– Oňa ýetişmerin. Onsoňam men nädip täret alaýyn?
– Ol seniň öz işiň.
– Günä galýarsyň sen.
– Alajym ýok.
Bu soňky sözdi. Şondan soň Argun sahyp bilen gürleşjegem bolup durmady.
– Ýörüň, men sizi ugradaýyn – diýip, nurana juwan ikinji gezek öz hyzmatyny mürehet edeninden soň, Argun hatyny bilen onuň yzyna düşdi.
Ýolda olaryň öňünden ona golaý ýedi-on ýaşlar aralygyndaky oglan çykdy. Olar gelip sypaýy juwanyň daşyna aýlandylar. Sypaýy juwan olaryň hersine hoş söz aýdyp, başlaryny sypady.
– Kimiň çagalary bular? – diýip, Gülýüzli sypaýy juwandan sorady.
– Bularmy? Bular meniň ogullarym!
On sekiz-ýigrimi ýaşlaryndaky juwanda on çaganyň bolmajagy bellidi. Bu ýerde bir düşnüksizlik bardy. Ol düşnüksizligiň nämedigini sypaýy juwan-a aýtmady, Gülýüzli-de soramady.
Sypaýy juwan olary öz öýüne eltdi.
– Ine, şu otagda namazyňyzy okaň, gije ýatarsyňyz. Ertir irden men sizi ugradaryn – diýip, ol adaty bir otagy görkezdi. – Size iýip-içer ýaly owkady meniň ogullarym getirip bererler.
Juwanyň aýdyşy ýaly boldy, olara iýip-içer ýaly tagamy ýolda öňlerinden çykan oglanjyklar getirip berdiler.
Är-aýal halys ajygan eken, hezil edip naharlandylar.
Tokaýda keýik bilen käkiligiň köpdügi baradaky habar dogry bolmaly. Olaryň öňlerine goýlan tagam hem käkilik bilen keýik etlerinden taýýarlanan kakmaçlardy. Megerem, ajygandyklary üçin bolsa gerek, iýýän tagamlary aşa tagamlydy, iýdikleriçe iýesleri geldi.

* * *

Juwan, aýdyşy ýaly, daňdan geldi:
– Ýola düşmeli wagtyňyz boldy.
– Ýagşy, goçgar, sen maňa uly daldaw berdiň, anaýat etdiň. Töwekgellik edip gonak aldyň. Şonuň üçin sen menden şu aklygy kabul et! – diýip, Argun juwana dirhemli düwünçegi uzatdy.
– Ýok, maňa siziň pulüňyz gerek däl, ýoluňyz uzak, özüňize gerek bolar – diýip, juwan çürt-kesik garşy çykdy.
– Aýyplaşma welin, senden bir zady soramakçy.
– Soraň, soraň.
– Seniň bizi öýüňde gonak almagyňa – töwekgellik etmegiňe näme sebäp boldy?
– Bir söz bilen jogap bersem, siziň halallygyňyz. Hakykaty – kimdigiňizi ýaşyrman aýtmagyňyz. Siziň bu häsiýetiňiz diňe halatly, ýagşyzada adamlara mahsus. Onsoň şeýle halatly ýagşyzada kişä hemaýatymy ýetirmek isledim.
– Adyň näme?!
– Maňa Abu Nasr Muhammet bin Abu Salyh bin Mansur bin Muhammet Kundury Jerrah diýerler. Men dihkan diýilýän baýlaryň neslinden.
– Sowadyňy çykdyňmy?
– Geçen ýyl Nyşapuryň baş medresesini tamamladym.
– Kimden tälim aldyň?
– Meniň bagtym getirdi: men ymam Muwaffak an-Nyşapurynyň elinde okadym.
– Beýle atly ymamdan ylym öwrenip, obada wagtyňy öldürip ýörmäň näme? Köşge barmaly ekeniň. Seniň ýaly müweddepli ýigitler köşge gaty köp gerek. Togrul patyşanyň köşgünde haýyr-hasanat etmegiňe mümkinçilik köp bolar.
Juwan hiç zat diýmän uludan demini aldy.
– Togrul beg köşge işe çagyrsa bararmyň?

– Ýok, barmaryn.
– Şa köşgünde işlemek her kese ýetdirenok ahbetin.
– Dogry.
– Onda näme?
– Agzymy gana bulasym gelenok.
Häliden bäri sesini çykarman oturan Gülýüzli gürrüňe goşuldy:
– Seniň Togrul begden göwnüň galan ýeri bar öýdýärin?! Biz köp obalara bardyk, baran obalarymyzda Togrul bege alkyş okaýarlar. Togrul begi halamaýan adama birinji gezek gabat geldik.
– Dogry, men Togrul begi halamaýaryn.
– Ähli kişi oňa alkyş okaýarka ala-böle seniň külli musulmana haýyr-hasanat eýläp ýören begi halamazlygyň gaty düşnüksiz – diýip, Argun juwany synap gördi.
– Men: «Nälet okaýaryn» diýmedim, men: «Halamaýaryn» diýdim. Halamazlyk bir ýana, nälet okamak bir ýana. Nälet – ýigrenjiň iň soňky hetdi. Meniň nägileligim entek ýigrenje öwrülenok.
– Seniň nägileligiň nämeden ybarat? «Agzymy gana bulasym gelenok» diýmegiň aňyrsynda näme bar?
Juwan göwünli-göwünsiz dillendi:
– Togrul begiň adamlary teshyr kylan ýerlerini oljalaýarlar. Oljalamak gadymdan gelýär, ýöne Togrulyň adamlary oljalamakda has hetden aşýarlar. Olar diňe gurply adamlary däl, ertirki iýjek bir döwüm tötegi gara gaýgy bolan adamlaryň hem öýlerini çepbe çöwrüp, hiç zat galdyrman talap gidýärler. Garyp görgülileriň eginlerindäki göwşül eşiklerine çenli sypyryp aldylar. Özem sähel garşylyk görkezen adamy öldürýärler. Ine, meniň on iki sany oglum bar. Olar obamyzyň çagalary. Togrul begiň adamlary ol çagalaryň ata-enesiniň egnindäki eşigini almak üçin olary wagşylyk bilen öldürdiler, soň olaryň çagasyna men eýe çykmasam, kim eýe çyksyn? Togrul begiň esgerleri halkyň gözýaşyny döküp, gazanç edýärler. Onsoň adam öldürip gazanç edilýän ýere men näme üçin baraýyn?!
– Begiň emri bilen şeýle akyn bolýarmyka? – diýip, Gülýüzli bir adamsynyň, birem juwanyň ýüzüne seretdi.
– Tapawudy näme?!
– Tapawudy uly. Bu zatlardan begiň bihabar bolmagy mümkin.
– Eger öz tabynlygyndaky esgerleriň näme edýändigini bilmeýän bolsa, onda oňa beg diýmek, patyşa diýmek bolmaz! Beýle patyşa bolandan bolmanyň kän gowy. Bu gowşaklygyň, ýolbaşçylyk etmegi başarmazlygyň alamaty. Bu zatlar üçin o dünýäde hasabat, ilki bilen, Togrul begden soralar.
– Dogry aýdýarsyň, goçgar – diýip, Argun juwany goldady.
– Ýene birki ýyl gaznalylar sütem eden bolsa-ha, bu sözleriňi aýtmazdyň – diýip, Gülýüzli kundurly juwana nägileligini bildirdi.
– Soltan Mahmyt garyp-gasaryň zadyny zor bilen alan, sütem eden gulamy görene göz edip dardan asardy! Soltan Mahmyt külli musulmanyň iň beýik soltany boldy. Ol musulmanlaryň arasynda ilkinji soltan. Ol aşa akylly soltan bolupdy. Hiç wagt öz teshyr eýlän ýeriniň ilatyna sütem etmändi. Näme etse, ýerli beglere, hökümdarlara edipdi, olaryň baýlygyny oljalapdy. Özem dogry edipdi. Müň obany oljalap baýlyk ýygnanyňdan bir ýerli hökümdary oljalanyň müň esse peýdaly. Togrul begiň adamlary näme üçin doýmaýar? Sebäbi olar garyplaryň öýlerini talaýarlar. Garyplaryň öýlerinde-de hiç zat ýok.
– Meniň eşidişime görä, Togrul beg ýurtdaky ähli ýetim çagalary öz köşgünde ýörite okadýarmyş, terbiýeleýärmiş. Olardan özi üçin garadangaýtmaz haşymlary taýýarlaýarmyş diýýärler. Sen bu çagalary Togrul begiň şol mekdebine tabşyrmaly ekeniň.
Kundury Arguna şübheli seretdi:
– Siz kim?
– Bizmi? – diýip, Argun mönsüredi. – Men Argun ibn an-Perhat, hatynymyň ady Gülýüzli. Meniň aslym Gaznadan. Men öň Gaznada soltan Mahmydyň köşgünde işleýärdim. Soň soltan meni Deýlem welaýatyna işe ugratdy. Men Deýlemde on bäş ýyl işledim. Deýlem şäheriniň haýsy metjidine, haýsy hanakasyna, haýsy öýüne baryp, men hakda sorasaň, meni tanaýandyklaryna güwä geçerler.
– Ýok, ýok, siz meni aldap bilmersiňiz. Siz bu sözleri ýürekden aýtmaýarsyňyz, ýat tutan sözleriňizi dilujy gaýtalaýarsyňyz. Onsoňam siziň gyzyklanýan zatlaryňyz sopynyň gyzyklanjak zatlary däl. Siziň berýän sowallaryňyz hem sopynyň berjek sowallary däl. Siziň hatynyňyz sopynyň hatyny däl. Ol ýönemöne hatyn däl. Siz içaly bolaýmaň?
– Biziň ýaly garry adamyň üstünden gülmäge utanaňokmy, ogul?!
– «Yşan» diýseňiz yşanan bolaýyn, ýöne siz sopy däl – diýip, Kundury öwhüldedi.

– Islemeseň, sowalymyza jogap berme – diýip, Gülýüzli aýtdy. – Sen Togrul begden gorkup, bize müňkür bolýarsyň.

– Men Togrul begden gorkamok. Men diňe Allatagalanyň öňünde günäli bolmakdan gorkýaryn.

– Sen «Agzymy gana bulasym gelenok» diýdiň-ä!

– Diýdim. Hakykatdan hem agzymy gana bulamak islemeýärin. Allatagalanyň beren ömrüni halal geçirmek isleýärin. Ýöne Togrul begiň köşgünde oturan käbir emirler, begiň ynamyndan peýdalanyp, halky talaýarlar. Käbir barjamly adamlaryň öýlerine çozup, olaryň ähli emlägini alyp, öýdäki çaga-çugalary, adamlary, hyzmatkärleri uçdantutma gyryp baýlyk ýygnaýarlar. Bu işi bir ýa iki emir dilleşip edip bilmez, munuň aňyrsynda birgiden emir bar bolmaly. Düýn hanakada sahybyň näme üçin titrändiginiň sebäbini bilýärsiňizmi? Togrul begiň adamlary obamyza dökülip, üç sany yktadary tohum-tiji bilen öldürip, ähli emlägini towsa göterdiler. Sahyba-da indi gezek seniňki diýip aýdyp gitdiler.

– Eý, Hudaý, gör, nähili elhençlikler!  Bu zatlary seljuklylaryň patyşasy bilýän däldir. Bilse, ýol bermezdi – diýip, Gülýüzli gynandy.

Juwan janykdy:

– Ýaňam aýtdym, ýene aýdaýyn. Ýurdunda bolýan zady bilmeýän patyşaga patyşa diýip bolmaz. Onsoňam bu zatlardan Togrul patyşa habarly.

– Habarly?

– Hawa, habarly.

– «Habarly» diýip, gaty ynamly aýdýarsyň. Günä gazanma, goçgar.

– Men anyk bilýän zadym hakda aýdýaryn.

– Nireden bilýärsiň?

Sypaýy juwan är-aýala şübheli seredip sözledi:

– Men Togrul begiň dergähine üç sany adam ýolladym... Olar meniň habarymy patyşaga aýdypdyrlar, ýöne üýtgän zat bolmady.

Gülýüzli bu habary eşidip, Arguna seretdi, Argun dü-şünýärin diýen terzde baş atdy. Argunyň baş atmasyny gören Kundury tarsa ýerinden turdy:

– Ine, indi mende şübhe ýok, siziň sopy däldigiňize doly kepil geçip biljek. Ilki görenimden “Bu goja näme üçin özüni gaty oňaýsyz, ýasama duýýarka?” diýip oýlandym, indi jogabyny tapdym. Hany, ýörüň, raýisiň ýanyna baralyň. Galan zatlary onuň ýanynda düşünişeris.

– Päliňden gaýt, goçgar, eger bizi raýisiň ýanyna eltseň: «Näme üçin meniň kowan adamymy öýüňde sakladyň?» diýip, saňa käýemek käýär.

– Ýazgydymdyr.

– Sen bizi goýber, biz göni gideli.

– Ýok, goýberip bilmerin, düşüň öňe! Ýörüň!

Kundurynyň haýbaty bilen Argun gozganmady. Şeýle bolansoň Kundury ony süýräp daşary çykarmakçy boldy. Argun garşylyk görkezdi, birdenem Kunduryny şakyrdadyp basdy, elini arkasyna daňdy. Soňam onuň üstüne münüp oturyşyna:

– Sen bizi goýberjekmi ýa ýok?! – diýip sorady.

– Ölýänçäm-ä sizi saklajak bolaryn.

Kundurynyň bu sözüne garaşyp duran dek, iki sany hadym kürsäp içerik girdi:

– Obamyza birtopar atly geldi, olar şu iki garry är-aýaly gözleýärler.

Hadymlaryň yzy bilen seljuk ýigitleri güsürdeşip içerä doldular.

Peýkam biraz öňe saýlandy:

– Bir zat bolandyr öýdüp ýüreklerimiz ýaryldy.

– Peýkam, siz wagtynda geldiňiz, ýogsam bu goçgar biziň el-aýagymyzy güýljekdi.

– Kim bu? – diýip, wezir Abylkasym Buýany juwanyň alkymyna dykylyp bardy. Kundury öz öýünde gopan wakany akylyna sygdyryp bilmän gözlerini petredip durdy.

– Bu goçgar Togrul begiň täze hajyp as-baby[7]...

## Onunjy hekaýat

# ADAM DIŇE BAÝLYGYNY DÄL, ÖZ ASGYN TARAPLARYNY-DA ILDEN GIZLIN SAKLAÝAR

**1.**

Her çarşenbe güni agşam bir kişi Altynjanyň ýanyna hiç kime görünmän nahan gelýärdi. Altynjan ony her gezek höwes bilen kabul edýärdi, olar bir otagyň içinde esli wagtlap pyşyrdaşyp gürleşýärdiler. Esasan, nätanyş gürleýärdi.

Togrul beg hatynynyň ýanyna bir erkek kişiniň gelýändigini, ony güleryüz bilen garşy alýandygyny, ikiçäk söhbet edişýändiklerini bilýärdi, ýöne haýran galaýmaly, hatynyny nätanyşdan gabanmaýardy. Olaryň duşuşygy gutarýança sabyrlylyk bilen garaşýardy, soňam gelip gideniň kimdigini soramaýardy, ol hakda kelam agyz söz aýtmaýardy. Altynjan hem ýanyna her çarşenbe güni agşam görer gözden nahan gelip gidýän adam hakda hiç zat aýtmaýardy, sebäbi beg gelýäniň fiskaldygyny[1] bilýärdi, onuň öz ýanyna-da fiskallaryň otuzdan gowragy tas her gün diýen ýaly gelýärdi.

Altynjan fiskal bilen duşuşykdan soň, begiň ýanyna bardy.

Beg hatynynyň ýüzüne seredip, möhüm bir habaryň bardygyny aňdy:

– Näme habar?!

– Şirpenjäni doganym, nedimim diýip ezizleýärsiňiz, ýöne ol siziň hormatyňyza ysnat ýetirýär.

– Dünýäde iň agyr, hupbatly zat yşanýan adamyňdan, dostuňdan tamaň çykmazlygy, ondan ýamanlyk görmek.

– Barlanyp görülse, ähli zatlar Şirpenjeden başlanýan eken, ol inisini talaňçylyga özi ugradypdyr.

– Hany, ol: «Inimiň eden bu gabahat işlerinden habarym ýok» diýip, ant içip, awy ýalady-la?!

– Ol ýalan sözläp, ikinji jenaýata-da ýüz urupdyr.

– Eh, Şirpenje, Şirpenje!..

– Haşal oty köki bilen goparyp taşlamasaň, ondan dynyp bolmaýar. Şirpenje inisiniň zyndana atylandygyny, annada jezalandyryljakdygyny eşidensoň, Togrul bege hapa-hapa sözler bilen sögüpdir, özem üç-dört adamyň ýanynda. Ýanyndaky adamlar oňa göwünlik beripdirler.

– Göwünlik beren adamlaram dardan asmaly, goý, görene göz, eşidene sapak bolsun!

– Tabgaçlar jezalandyrylsa, göwünlik berenler akyllaryna aýlanarlar. Bu gezeklikçe, begim, olara jeza bermäň!

* * *

Togrul beg Şirpenjäni dergähine çagyrdy.

Mydama ýylgyrjaklap, gypynçsyz içeri girýän Şirpenje bu gezek başyny aşak salyp, öwran-öwran tagzym edip, içişikde saklandy.

– Şirpenje, sen nä o ýerde dursuň? Näme üçin ýanyma geleňok?

– Siziň ýanyňyza barmaga – hormatyňyza mynasyp däl, men. Doganym Ahmet aýylganç işler edipdir. Gara nebsi üçin ýüzden gowrak adamy öldüripdir, otuz-kyrk sany kerwensaraýy, kerweni talapdyr, men onuň eden bu işlerinden habarsyz galypdyryn. Merhemetli Togrul beg, siz ençe ýyllap meni özüňize iň ýakyn nedim hasapladyňyz, maňa yşandyňyz, men siziň ynamyňyzy ödäp bilmedim. Doganym Ahmedi-de, meni-de jezalandyrmagyňyzy towakga edýärin. Goý, özgelere sapak bolsun!

– Şirpenje, näme üçin beýle gabahat işleri etdiň? Näme üçin maňa ysnat getirdiň? Seniň kem zadyň ýok ahyryn: alty şäherde dükan açdyň. Tus etrabyny men saňa ykta berdim. «Şirpenje, belki, saňa ýene ykta gerekdir?» diýip sorasam, sen: «Bir etrap maňa ýeterlik» diýip jogap berdiň. Näme üçin beýtdiň, doganym?

– Näme üçindigini, dogrusy, özüm hem bilemok.

– Men gynanýaryn, Şirpenje, gaty gynanýaryn. Şerigatyň, adalatyň öňünde meniň edip biljek işim ýok. – Togrul beg tagtyndan turup, Şirpenjäniň ýanyna bardy, ony berk gujaklady: – Doganym, mähriban doganym meniň…

* * *

**T**ogrul beg öz eziz dostuny jezalandyrmaly boljakdygyna gynanyp örtenýärdi, bir ýerde durup rahatlygy ýokdy, ilkagşam Altynjanyň ýanyna geldi. Naharlanyp rahatlygy bolmady.

Ol öňündäki tagamlary göterip, zyndana bardy.

Begiň gelenini gören Şirpenje zöwwe ýerinden galdy.

– Otur, otur! – Beg elindäki tagamlary Şirpenjä berdi.

– Bulary name üçin maňa berýärsiň?

– Sen aç oturansyň.

– Ýok, men aç däl.

– Sen sypaýysyrama. Hany, ýanymda otur, naharlan.

Beg şol gijäni Şirpenje bilen geçirdi, iki dost tä daňdana çenli geçeni ýatladylar, degişdiler, gülüşdiler.

* * *

Togrul begiň Şirpenjäniň ýanyndadygyny gören Anuşirwan ýarygije Altynjanyň ýanyna gaty arkaýyn geldi, ony ukudan oýardy:

– Näme boldy? Hany, beg?! Oňa bir zat boldumy?

– Oňa hiç zat bolanok.

– Onda name üçin bimahal geldiň?

– Käbäm, saňa örän möhüm sözüm bar.

– Ertir aýtsaň bolanokmy?

– Ertir aýtsam giç bolýar.

– Eýgilikmi?

– Hany, ukudan açyl, özüňi ele al!

Altynjan egnine çenberini atyp, Anuşirwanyň gapdalynda oturdy:

– Aýdyber!

– Togrul begiň çagalykdan bäri içen suwy aýry gitmedik razdanlary bar. Dogrumy?

– Dogry.

– Şolar kimler?

– Şolaryň kimlerdigini soramak üçin sen meni ýarygije ukudan oýardyňmy?

– Käbäm, men bu sowaly ýöne ýere beremok. Onuň bir emmasy bar. Sen meniň sowalyma jogap ber, ana, şonda meniň aýtmakçy bolýan pikirime ýol açylýar.

– Ýol açylýar?

– Hawa, ýol açylýar. Aýt, kimler?

– Onuň razdany kän.

– Dogry, ýöne razdanlaryň içinde iň saýlanýanlary bar. Ýaşlykdan bäri ýanyndan aýrylman ýörenler kimler?

– Dürnazar, Mübärek.

– Soň?

– Ýusup.

– Soň?

– Ybraýym. Çagry.

– Soň.

– Resultegin.

– Men onuň doganlaryny, garyndaşlaryny soramok, razdanlaryny soraýaryn.

– Özüň aýdaýmasaň, men-ä seniň näme diýmekçi bolýandygyňa düşünmeýärin.

– Şirpenje Tabgaç bilen begiň arasy nähilidi?

– Ikisi ýegana razdandy, ýöne…

– Dur, dur, maňa «ýöne» diýip aýtmakçy bolýan düşündirişiň gerek däl, sebäbi men aýtmakçy bolýan ähli sözüňi ýatdan bilýärin. Ahmet Tabgajyň ýowuz etmiş edendiginem bilýärin.

– Onda Şirpenjäniň hem eli bar.

– Dogrudyr, men seniň aýtmakçy bolýan delilleriň hiç birisinem inkär etmeýärin. Bir ýazyk bilen är ölmeli däldir, dost dosta geçirimli bolmalydyr.

– Onuň günäsi geçerden has çökder.

– Käbäm, senden towakga edýärin. Şirpenjäniň günäsi geçilsin. Beg bilen Şirpenje razdan. Beg ony öldürse, soňundan özi ýanyp-bişer. Beg diňe seni diňleýär, sen aýtsaň, ol saňa ýok diýmez, bir çykalga tapar. Sen gaýrat et-de, begden haýyş et, goý, ol Şirpenjäni jezalandyrmasyn. Şirpenje zyndana girmezinden öň menden bu hakda towakga etdi, men oňa söz berdim.

– Näme üçin?

– Oňa seredip ýüregim gyýym-gyýym boldy.

– Sen Şirpenjäniň baýlygyna göz gyzdyryp, ony goramakçy bolýarsyňmy? Neneň ynsabyň çatýar seniň, Anuşirwan?

– Käbäm, elli gepden belli gep. Biz Şirpenjäni ölümden alyp galmaly, özem ony siz alyp galmaly. Sebäbi beg diňe size gulak asýar. Onuň özem Şirpenjäni jezalandyrmak islänok, ýöne şerigatyň, kazykelanlaryň, halkyň öňünde özüni adalatly görkezmegiň hatyrasyna diwany kazanyň – höküm çykaryş diwanynyň çözgüdine ýok diýenok. Begiň ýeke agyz sözi gerek. Men senden towakga edýärin, käbäm, Togrul beg özüniň jana-jan dostuny jezalandyrmasyn. Men senden her gün towakga edip ýöremok. Şu towakgamy bitirmeseň, men senden ömürboýy närazy bolaryn. – Anuşirwan birden ýerinden turdy-da, çykdy gitdi.

– Anuşirwan, saklan, Anuşirwan, seniň diýýän zatlaryň näme? «Saklan» diýýärin men saňa!

Anuşirwan saklanmady, ol sähel wagtyň içinde gürüm-jürüm boldy. Altynjan Ýatmaz bilen Çyrlagy ýanyna çagyryp, olara nirede bolsa-da Anuşirwany tapyp getirmegi tabşyrdy.

Olar daňdana golaý: «Hiç ýerden tapmadyk» diýip geldiler.

Şol gije Togrul beg bilen Şirpenje deýin, Altynjan hem çirim etmedi, gözüne uky gelmedi asyl.

Ol sojap-sojap aglady. Onuň agysyny hiç kim eşitmedi, içki harasadyny-da hiç kimse bilmedi.

Şeýle agyr pursatlarda ol pelsepeçil Akgaýa bilen söhbetdeş bolardy, ol Altynjanyň içki harasadyna dogry düşünerdi, göwünlik bererdi. Beýleki ýigitler welin, onuň dünýäsinden daşdadylar.

Onuň bu mahal näme üçin aglaýandygyna Akgaýa-da düşünmedi. Altynjan Anuşirwany beýik şahsyýet edip terbiýeläp, ýetişdirip bilmändigine gynanyp aglaýardy. Wagt geçdigisaýyn Anuşirwanyň tapýan hokgalary artyp gidip otyrdy.

Biri tarhan bolsa, Altynjan tarhandy, ýöne onuň tarhanlygy Anuşirwanyň tarhanlygynyň ýanynda hiç zatdy.

Ol ähli kişä ýagşy görünmek, ýagşylyk etmek isleýärdi. Söz bermek onuň edehädidi. Soňundan hem ol beren sözüniň yzynda tapyljak bolup, agyr güne galýardy.

Ol walydasynyň häsiýetine beletdi, özi üçin ömür başyna barmajak zatlaram etjegini bilýärdi. Ol köplenç hem Altynjanyň şu hamraklygyndan peýdalanýardy.

Durmuşda her kim bir zatdan lezzet alýar. Anuşirwan adamlara ýagşylyk etmekden, olara ýagşylyk edip bilýänliginden lezzet alýardy. Özüne minnetdarlyk bildirilende ol gözlerini süzüp, hezil edip diňlärdi.

Ol gije öýüne barmandy, sebäbi Altynjanyň özüni agtarjakdygyny, yzyndan adam ýollajakdygyny bilýärdi. Ol käbesiniň çykgynsyz güne galmagyny, meseläni oňyn çözmegini isleýärdi.

Ol jalaýdy, aşa jalaýdy. Näçe baýlygy bolsa, ony birki günüň içinde tarhandökerlik edip gutarýardy. Birki günden soň onda ýene ýeke danka-da ýokdur.

Onuň bir güni hem meýlissiz geçenokdy.

«Soltan Masut meýlisi gowy görýär, gününi meýlisde, şöhwetde geçirýär» diýýärler. Anuşirwan hem onuň bilen bäsleşýän ýalydy.

Onuň aňyrsynda hiç zat ýokdy, köpler bolsa ony tütjar baýdyr öýdýär. Onuň bolşy hakykatdan hem tütjar baýyňka meňzeýär. Ol köplenç Altynjandan pul soraýardy, eger puly bar bolsa, onda ol käbesini köp ýatlabam ýörenokdy.

Altynjan Anuşirwanyň bu tarhandökerligini Togrul begden ýaşyrýardy. Beg käte geňirgenýär:

– Onça puly sen nämä sowýarsyň?

Bu sowaly Altynjan hem Anuşirwana berýär.

Anuşirwanda pul köp bolmasa-da, bahana kän (her kimde bir zat köp bolmaly ahyryn). Altynjan welin, her gezek näme jogap berjegini bilmän örtener, gowy tarapy, Togrul beg sorasa-da, jogaba garaşjak, jogaby eşitjek bolup durmaz.

Altynjan tä daňdana çenli iki oduň arasynda galdy: näme etmeli? Aýtmalymy ýa aýtmaly dälmi? Bu kiçi-girim iş däl ahyryn!

Daňdan Togrul beg Şirpenjäniň ýanyndan geldi.

– Altynym, näme, senem uklamadyňmy?

– Uklamadym, begim.

– Näme boldy?
– Men Şirpenje ikiňiziň dostlugyňyz hakda oýlandym.
– Bu ýerde oýlanara näme bar? Ähli zat düşnükli.
– Bu ýerde oýlanara zat kän, begim.
– Hany, aýt!
– Aýdaýyn, siz meni diňläň! Ilki bilen, Anuşirwan hakda aýdaýyn.
Togrul beg aýbogdaşyny gurap, Altynjanyň gaşynda oturdy…

* * *

**An**na güni. Nyşapuryň Foz mähellesindäki bazar bu gün adatdakylaryndan köp adamlydy.
Togrul beg sebitiň adamlaryna zulum eden, seljuk begliginiň adyna çirk ýetiren dokuz kişini jezalandyrmak maksady bilen Foz bazaryna geldi.
Ine, hataran daragaçlary.
Olaryň her biriniň aşagynda jezalandyryljak kişiler başlaryny dik tutup durdylar.
Beg wezir-wekilleri, nedimleri, hatyny bilen öňünden ýörite taýýarlanylan ýere baryp oturdy, jezalandyryljak kişileri ýeke-ýekeden nazaryndan geçirip çykdy.
Munady beýik bir sekiniň üstüne çykyp, Togrul begiň permanyny okady.
Şol dartgynly pursatda bazara pir al-Kuşaýrynyň ýetip gelýändigini bege habar berdiler.
Al-Kuşaýry mele ýorgasyny dikgirdedip bazara geldi. Yzynda medrese müderrisleri bilen dört ogly bardy.
Ol Togrul begiň ýanyna gelmedi, ýa görmedi ýa-da görmedikden boldy, bazara giren ýerinde durup, jeza beriljek kişilere sesini çykarman seretdi. Megerem, ol ýanyna Togrul begiň gelmegini isledi, ýöne beg onuň ýanyna barmady, oňa tarap seretmedem.
Ulama Togrul begiň ýanyna dähedem-dessemläp geldi.
Togrul beg uly hormat bilen pire tagzym etdi, oturmaga ýanyndan ýer görkezdi.
Pir maksadyny mälim etdi:
– Ahmet ibn Tabgaja jeza berýändigiň hakda eşidip geldim, çünki Ahmet meniň şägirdim bolupdy. Ol gaty zehinli müritdi. Eşidişime görä, sen onuň agasy Şirpenje bilen içen suwy aýry gitmeýän dost bolmaly.
– Dogry, men Şirpenjäni doganym saýdym, doganym deý eziz gördüm, ýöne ol garamaýak halka sütem edipdir.
– Eý, beg, geçirimlilik hökümdaryň iň gowy sypaty bolmalydyr. Geçirimlilik şahylykdyr. Gurhanda: «Eý, garynjalar! Hinleriňize giriň, Süleýmanyň goşuny birdenkä sizi basaýmasyn»[2] diýlendir. Sen geçirimlilik edip, Ahmet biçäräniň günäsini geç-de maňa ber. Goý, ol ömrüni meniň hyzmatymda geçirsin. Men ony täzeden terbiýelärin.
– Eý, merhemetli pir, Gurhanda: «Dogrusy, hökümdarlar bir şähere giren mahallary ol ýeri derbi-dagyn ederler, abraýly kişileri peselderler»[3] diýilýär. Men siziň abraýyňyzy peseltmek pikirinden daşda. Allatagalanyň öňünde biziň ählimiz deňdiris. Eger men öz gara nebsi üçin il-güne sütem eden kişä gözümi ýumsam, onda o dünýäde men bu eden günäme näme jogap bereýin?! Ýa bu işiň günäsini öz boýnuňyza alýarmysyňyz?!
– Sen öz günäňi meniň boýnuma atjak bolma, o dünýäde hasabat her kimiň özünden soralar.
Togrul beg şondan soň pir bilen gürrüňi dowam etdirjek bolup durmady, jellatlara başlaberiň diýen terzde yşarat etdi.
– Eý, beg, sen meniň sözümi almakçy dälmi? – diýip, al-Kuşaýry öýkeli sorady.
– Men sizi diňledim, ýöne hökümdar-da bolsam, siziň islegiňizi kanagatlandyryp biljek däl, çünki men halkyň guly. Ähli kişä deň göz bilen seretmek Beýik Biribaryň öňündäki parzym.
– Meniň gaharym – halkyň gaharydyr.
Togrul beg sesini çykarmady, pir gahar bilen gitdi.

* * *

Togrul beg Tabgaç dagyny jezalandyryp, köşke gelýärkä öňünden hajyp emir Uhjury çykdy. Ol biçak aljyraňňydy, ýanynda sypaýy geýnen bir kişi bardy.
– Begim, hajybyň size aýtjak möhüm bir habary bar ýaly-la?! – diýip, Altynjan ýuwaşja aýtdy.

– Hajyp, näme habar? Hiç wagt ýanymdan aýrylaňokdyň welin, ertirden bäri sen ýok-la? Men bazara-da sensiz gitmeli boldum.
– Günämi ötüň, begim.
– Näme habar? Ýanyňdaky kişi kim?
– Merhemetli begim, bu kişiniň ady Abu Zurga Hannaky.
– Aýdyber!
– Ol Bagdadyň baş medresesini tamamlapdyr. Bu kişi size hyzmat etmek isleýär.
– Näme käri bar?
– Hasap-hesip ugrundan medrese tamamlapdyr. Diwany mürstewfimizde işlemäge höwes bildirýär.
– Şirpenjäniň ýerinemi? Be, gaty howlugypsyňyz-la?
– Abu Zurga Hannaky düýn ýanyma geldi, şondan bärem ýanymdan aýrylanok.
– Hajyp, sen bu kişä güwä geçýän bolsaň, men saňa garşy çykmaýyn. Goý, ol diwanda başda hasapçy bolup işlesin. Eger gowy işlese, biz ony diwana sahyp belläris. Şirpenje Tabgajyň ýerine seniň özüňi bellemekçi. Häzirki wezipäňi bolsa sen Kundura tabşyr.
– Gulluk, hökümdarym!
Abu Zurga Hannaky hem bege zol-zol minnetdarlyk bildirdi:
– Taňryýalkasyn, merhemetli hökümdarym. Bütin düýrmegim bilen gullugyňyzda – hyzmatyňyzda bolaryn.
Togrul beg karargähine baransoň, Abu Zurga Hannaky baradaky pikirini daşyna çykardy:
– Hajyp ony gowy tanamaýan bolmaly.
Altynjan begiň pikirini makullady:
– Özem o kişi gowy kişi bolmaly däl, ol hannaka[4] däl-de, balyga meňzeýär...

* * *

Anuşirwan düýn üç gezek Altynjanyň ýanyna gelipdi, soňky gezek gelende onuň ýanynda Abu Zurga Hannaky bardy. Ol, megerem, düýn Altynjana Abu Zurga Hannaky hakda aýtmakçy boldy, ýöne aýgyt edip bilmän gitdi.
Anuşirwan Altynjana aýdyp bilmedik habaryny hajyp Uhjurydan haýyş eden bolmaly.
Uhjury aňsat-aňsat bege ýüz tutjak, ondan haýyş etjek adam däl. Ol gaty salykatly, utanjaň, az gepli kişidi. Uhjury Anuşirwanyň haýyşyna ýok diýip bilen däl bolsun gerek.
Dogrusy, onuň Hannaky baradaky haýyşyny diňe beg däl, wezir-wekiller hem geňläpdiler.
Altynjan Uhjuryny dergähine çagyrdy:
– Hannaky barada saňa Anuşirwan aýtdymy?
Uhjury dym-gyzyl boldy, aljyrady, näme jogap berjegini bilmän dymdy.
– Maňa hakykaty aýt!
– Melikäm, Anuşirwan mertebeli begzada.
– Näme üçin onuň özi haýyş etmedi?
– «Men birki günlükde begden iki zady haýyş etdim. Oňa zol-zol haýyş bilen ýüz tutmagy gelşiksiz görýärin» diýdi...

* * *

*«Dawut ýurt talamak hakda Togrul begden geňeş sorady. Emma ol garşy çykdy hemem Remezan aýydygy üçin Dawudyň özi hem bu niýetinden saklandy. Remezan aýy gutaran dessine, Dawut çapawulçylyk etmegi ýüregine mäkäm düwdi. Emma Togrul beg halypanyň iberen ilçilerini we mektubyny (namasyny) delil edip, onuň beýle hereketlerine garşy çykdy. Emma Dawut oňa ähmiýet bermän, talaňçylyga bolan pikirini has berkitdi. Şonda Togrul bilindäki hanjaryny sogrup aldy-da: «Hudaý bar, indi çapawulçylyk etseň, özümi öldürerin» diýdi. Şeýdip Togrul beg doganyny bu pikirinden dänderdi».*

**Ibn Esir.**
**Kämil taryh. 1-nji jilt.**

Çagry beg dogany bilen ylalaşan-da bolsa, onda Togruldan kine galdy.

Kinäniň üýtgeşik bir häsiýeti bar: içde ýatmagy halamaýar, daş çykmak isleýär. Çagry begiň içindäki kine-de uzak ýatmak islemedi, her gezek amatly pursat gelende daş çykjak bolup urundy. Ahyryl-ahyr bir gün daş çykdy:

– Kimiň gepine gidip maňa garşy çykýandygyňy bilýärin men – diýip, Çagry beg inisine hykarat etdi.

– Näme?!

Çagry beg aýtmasyz sözi aýdandygyna dessine düşündi, ýöne indi giçdi, aýdan sözüni ýumarlamaga çalyşdy:

– Goýaly şu gürrüňi!

Dogry, olar gürrüňi dowam etdirmediler. Olaryň gürrüňine gulak asyp duranlar bar ahyryn. Iki dogan serkerdelere, esgerlere nemuna bolmaly, olar biri-birini hormatlamasa, hatyralamasa, onda serkerdeler, esgerler, gulamlar olary nädip sylasyn?! Sylasaň, sylaýarlar, sylamasaň, seni-de sylamaýarlar. Adamlar seniň özüňi alyp barşyňy öz mizanlarynda ölçäp, baha berip oturandyrlar. Iki dogan biri-birine hormat goýýarmy ýa biri-birine göwnüýetmezçilik edýärmi? Iki doganyň agzala bolmagyny isleýänlerem az däldir.

Birek-birege hormat goýmak, sylaşyk babatda Çagry beg bilen Togrul beg köp pikir alşypdy, anyk bir ylalaşyga gelipdiler: adamlaryň arasyndakaň her näçe gaharyň gelse-de, nägileligiňi bildirmeli däl, diňe birek-biregi sylamaly. Nägile bolsaň, çet, adamsyz ýere çykyp, şol ýerde düşünişmeli. Gygyryşmaly, isleseň, ýumruklaşmaly, urmaly, urulmaly, ýöne iki doganyň gykylygyny üçünji biri eşitmeli däl. Eger iki dogan biri-biri bilen arkalaşsa, goja dagdan bir gysym gum hem galmajakdygyna[5] gowy düşünýär olar.

Togrul beg bilen Çagry begiň çet ýerde biri-biri bilen sögüşen, ýakalaşan gezekleri az bolmandy. «Gylyç öz gynyny kesmez» diýip hak aýdypdyrlar. Dogan dogan bolýar, biri-birine dözmeýär: gahar tüweleýi ýatyşansoň, öýke-kineler gar deýin eräp gidýär. Togrul bilen Çagry-da biri-birinden aňsat-aňsat kine saklamaýardylar, biri-birine ýarym sözde, ýarym garaýyşda düşünýärdiler.

Çagry beg dawaly mesele ýüze çyksa, köplenç Togrul beg bilen ikiçäk düşünişýärdi, ýöne talamak babatda köne edähedini saklamady. Togrul begi bilindäki hanjaryny sogrup almaga: «Hudaý bar, indi çapawulçylyk etseň, özümi öldürerin» diýip iň soňky sözi aýtmaga mejbur etdi. Togrul beg çapawulçylyk etmezlik, gazanjy başga ýerden gözlemek barada öň Çagry beg bilen düşünişipdi, ylalaşypdy, şol ylalaşykdan soň Çagry begiň ýene çapawulçylyga dyzamasy Togrul beg üçin düşnüksizdi. Çapawulçylyk zerarly ol özüniň ýegre dosty Şirpenje Tabgajy jezalandyrypdy, onuň ölümine bagyr awusy Togruldan entek aýrylanok.

Ol Çagry begiň bu pikiriniň ýeke öz pikiri däldigini, onuň pikirdeşleriniň başga-da bardygyny aňdy. Aňmaz ýaly-da bolmady. Çagry begiň ýanynda duran Ybraýym ynal Togrul begiň kesgitli garşy çykmasyny görüp başyny ýaýkady, oňa garşy çykjak, nämedir bir zat aýtjak bolup öňe dyzady. Wezir Abylkasym Buýany onuň egninden çekip, birki gezek saklady.

– Ybraýym, näme aýtmakçy bolýarsyň?

Wezir Abylkasym Buýany bilen Ybraýym ogurlykda tutulan dek gyzardy.

– Akyn etmegi, teshyr etmegi biz tapmadyk. Öňden gelýän kada görä olja bölüşmegiň berk düzgünini-de biz girizmedik, humsy-da biz girizmedik.

– Sen maňa bu sözi näme üçin aýdýarsyň? Näme, Togrul bu zatlary bilýän däldir öýdýärsiňmi? – diýip, Togrul beg Ybraýymyň ýüzüne geňirgenme bilen seretdi.

– Togrul, bize akyl öwredýän köp bolar. Sähel gowşak tutsak, bize hatynlarymyzam akyl öwredip ugrar. Biz hiç wagt hatynlarymyzyň akylyna mätäç bolmandyk. Iň gowusy, öz akylymyz bilen ýaşamakdyr.

Togrul beg Ybraýymdan: «Şu aýdan pikiriň öz pikiriňmi?» diýip kinaýatly soramak isledi, ýöne hyrçyny dişledi. Ol gürrüňiň näme hakda barýandygyna düşündi: akynçylygy bes etmek barada Altynjan köp özelenipdi. Ol bu babatda Çagry bege-de, Ybraýym bege-de aýdypdy. Tabgaçlar neberesiniň jezalandyrylmagy-da akyn sebäpli boldy ahyryn! Bu sapak bolmaly dälmi eýsem?!

Altynjanyň pikirini unapdylar, ýöne olara kimdir biri meçew berýän bolmaly.

Kim ol?!

Kim-de bolsa, ol öz sözüni ynandyrmagy başarýar. Bu babatda Altynjanyň öz pikiri bardy. Ybraýymdyr Çagry daga meçew berýän Peýkam bolmaly.

– Ýok, ol däl – diýip, dumly-duşdan Altynjana garşy çykdylar.

Onda kim?!

Gazaply darkaşlaryň birinde seljuklylar ýüzden gowrak gaznalyny ýesir aldylar. Olara bir hepde ýowuz sütem edildi, soňundanam azatlyga goýberdiler. Ýesir düşen ýüzden gowrak gaznaly seljuklylaryň adyny eşidenlerinde titräp durar ýaly edilipdi. Olara beýle sütem edilmegi harby maksat üçindi: olar gaznaly goşunyň arasyna baryp dowul turuzmalydy. Olaryň gorkusyna seredip, beýleki gaznalylarda hem gorky döremelidi. Seljuklylar ugradan ýüzden gowrak gaznalylaryny «ýüzden gowrak dowul» diýip atlandyrdylar.

Ýesirleriň arasyndan diňe ýüz sany gaznalyny alyp galdylar. Ýesir düşen ýüz gaznalynyň serkerdesi ýesir düşenini namys bildi, özüne kast etmekçi boldy. Haýdan-haý ony sakladylar, elinden hanjaryny gaňryp aldylar.

Togrul beg gaznaly serkerdäni içgin synlady. Ol başyny galdyrman dur.

– Elleriniň daňysyny çözüň! – diýip, Togrul beg ýanyndaky haşymlaryna buýurdy.

Togrul beg oňa terjimanyň üsti bilen puşdun dilinde ýüzlendi:

– Kim sen? Aslyň nireden?

Gaznaly serkerde sesini çykarmady. Şeýle bolansoň, terjimanlar oňa arap, türkmen dillerinde sowaly gaýtaladylar:

Gaznaly serkerde ýa seljuk begini geň galdyrmak isledi ýa-da şeýle etmegi parz bildi, özüne berlen sowallara arap, pars hem-de türkmen dillerinde jogap gaýtardy:

– Men soltan Masut Gaznalynyň ýüzbaşysy. Aslym türkmen. Doglan ýerim Balh.

– Türkmençe gürläber – diýip, Togrul beg ýüzbaşa aýtdy. – Näme üçin özüňi öldürmekçi bolduň?

– Mende başga çykalga ýok.

– Ýaragyňy tabşyran bolsaň, öýüňe git. Gaýdyp biziň garşymyza çykma. Saňa bu hakda aýtmadylarmy?

– Aýtdylar, ýöne men öýe gidip biljek däl, meni öldüriň. Meniň ömrüm şu gün gutarmaly. Hökman! Men şu gün ölmeli. Siz meni öldüriň. Siziň eliňizden ölmek meniň üçin uly mertebe boljak!

– Sen näme üçin azatlyk islemeýärsiň?

– Men öz türkmen adyma ysnat ýetirmek islemeýärin.

– Ol nämäniň ysnady? – diýip, Togrul beg sorady.

– Söweşde ýa ýeňmeli ýa-da ölmeli, üçünji ýol ýok. Men ýeňildim. Diýmek, men hökman ölmeli, men ýeňlip, onda-da ýesirlikde bolup, obama baryp bilmerin. Oba baraýanymda-da meni öýe, oba goýbermezler. Maňa: «Näme üçin ýeňildiň? Näme üçin ýesir düşdüň?» diýerler. «Türkmen ýesir düşmeli däldir. Ol ölýänçä söweşmelidir» diýerler. Oba barsam, obadaşlarym özlerini masgara edilen hasaplarlar. Meni obadan çykaryp kowarlar. Ol masgaraçylygy görenimden, iň gowusy, ölenim ýeg. Şonuň üçinem meni masgaraçylykdan halas ediň! Towakga edýärin, meni öldüriň, eger siz kömek etmeseňiz, barybir, men ýolda özümi öldürerin.

– Adyň näme?

– Meniň adym Ylýas Abu Aly ibn Şerip. Ýörgünli adym Abu Aly.

– Haýsy dilleri bilýärsiň?

– Puşdun, pars, arap dillerini doly bilýärin.

– Bu dilleri nirede öwrendiň?

– Eý, gözsüz batyr Togrul! Meniň atam Mahmyt Gaznalynyň köşgünde sahyp bolup işleýärdi. Atam Aly ibn Şerip sowatly adamdy, birnäçe dil bilýärdi. Soltan Mahmyt Gaznaly atama Termez welaýatyny ykta berdi. Atam bizi ýaşlykdan atabege tabşyrdy. Dil, sowat öwrendik. Biz bäş dogandyk. Dürli sebäplere görä häzir iki dogan bolup galdyk. Atam soltan Mahmyt entek dirikä, agyr kesele sataşyp, ýurduny täzeledi.

– Näçe wagt bäri söweşe gatnaşýarsyň?

– Bir ýyl bäri.

– Öň niredediň?

– Köşkdedim. Atamyň işini ýöredýärdim, ýöne Ahmet Meýmendi bilen sözüm azaşdy...

– Ahmet Meýmendi bilen haýsy meselede sözüň azaşdy? – diýip, Ybraýym beg sorady.

Abu Aly dymdy.

– Ýeri, bolýar. Bize sowatly kişiler gerek. Eger ak ýürekden gulluk etseň, Gurhandan wepadarlyk kasamyny içip, wepadarlyk kemendini dakynsaň, biz seni öz aramyza alaly – diýip, Togrul beg kesgitli netijä geldi.

Abu Aly ikilik etmejekdigine Gurhandan ant içdi.

Şondan soň Abu Ala ýatagan hem saý bedew, ýüzbaşylyk kemendini berdiler.

Togrul beg öz adamlaryna ýörite tabşyryk berdi: Abu Aly nähili adam? Ahmet Meýmendi bilen arasynda näme dawa bolupdyr? Bu zatlary balhly, gaznaly fiskallaryň, çawuşlaryň üsti bilen doly anyklamaly.

* * *

1039-njy ýylyň iýun aýynyň 27-sinde Sarahsyň günortasyndaky Dehi-Bazerganan diýen ýerde soltan Masut bilen Togrul begiň serkerdeligindäki goşunyň arasynda gazaply söweş boldy.

Soltan Masudyň goşunynyň sany elli müňden aňrydy. Şeýle bolansoň uzak wagtlap, açyk söweşmek seljuklylar üçin hatarlydy.

Seljuklylar bu söweşde gurt tilsimini ulanmagy – gaznaly goşunyň çar tarapyndan hüjüm etmegi makul bildiler.

* * *

Altynjan dogany Kabyl hemem ogullygy Anuşirwan bilen bilelikde öz çiltenine serkerdelik edýärdi. Onuň hatyndygyny eşigine seredip biler ýaly däldi: ol ähli seljuklylar deýin ak kepene dolanypdy, başynda tuwalgasy bardy, her gün duşman bilen birki gezek ýüzbe-ýüz bolup söweşýärdi, gaznalylaryň garaşman duran ýerlerinden zompa çykyp, ýetişibildiginden paýhynlaýardy, gijelerine ýatmaýan günleri-de az bolanokdy. Altynjan akynçylyga gatnaşyp ýörşüne Togrul bege idi-yssywat etmäge-de ýetişýärdi. Elbetde, onuň öz hansalary, hyzmatkärleri, gullary ýeterlikdi. Şeýle-de bolsa, Altynjan Togrul begiň wagtly-wagtynda iýip-içmegine gözegçilik edýärdi, ýogsam beg asyl iýip-içmelidir hem öýtmeýärdi.

Altynjan nobatdaky çozuşlaryň birinde ät galdy: bäş ýüz çemesi atly zompa öňünden çykdy. Gaznalylar Altynjan dagyny görüp, gykylyklap olaryň üstlerine gaýtdylar. Altynjan dagy haýdan-haý gaçmak bilen boldy. Sähel salymda gaçyp arany açdylar, ýöne Altynjanyň çiltenlerinde gaznaly gulamlarynyň yzyndan hüjüm etmek höwesi döredi. Olar şu pikir bilen yzlaryna dolandylar, gündogara sary barýan gaznaly goşunynyň yzyndan garama-gara ýöräp ugradylar.

Näme üçindir, bäş ýüz atly goşundan elli atly bölünip aýryldy. Muny gören Altynjan:

– Olary ýok edeliň! – diýip, batly gygyrdy.

– Bize garşy bir tilsim ulanmakçy bolýan däldir-dä hernä? – diýip, Akgaýa howatyrlandy.

– Akgaýa, sen ähli zatda kölege görýärsiň. Siz şu ýerde biraz garaşyň. Meniň ýeke özüm gidip, şol elli gaznalyny gyran-jyran edip gaýdaýyn – diýip, Kabyl badyhowa sözledi.

– Ýok, seni ýeke goýberip bilmeris! – diýip, Çyrlak ýataganyny galgatdy.

Olar elli töweregi gaznalynyň üstüne at saldylar.

Ýaňy darkaşa girenlerinde ýene elli töweregi gaznaly peýda boldy. Gazaply darkaş başlandy.

Darkaşda Altynjanyň atyny naýza urup ýykdylar.

Altynjan pursatdan peýdalanmak, öldürmek üçin ylgap gelen bäş-alty gulamyň garşysyna ýeke özi çykmaly boldy.

Ol gaýduwsyz söweşdi, ylgap gelýän gulamlaryň birini ýaý bilen atyp öldürdi. Galan gulamlar bilen başa-baş söweşmeli boldy.

Gulamlaryň seljuklylardan gorkusy uludy, şol sebäpli hem olar gorka gylyçlaşýardylar.

Altynjanda gorky-ürki ýokdy, sähel salymda iki sany gulamyň janyny jähenneme ýollady, daşyna aýlanan üç gulamyň üçüsine-de gaýtawul berdi, olaryň ikisini ýaralady, ýöne özi-de agyr ýaralandy.

Onuň agyr ýaralanandygyny gören çiltenleriň on-on bäş sanysy kömege ýetişdi.

Kabyl atyna Altynjany mündürip, özi Anuşirwanyň atyna artlaşyp mündi.

Darkaş bolan ýerden derrew arany açdylar.

Çiltenler Altynjanyň söweş meýdanyndan alnyp gidilmegine ýardam berdiler.

Olar söweşdigisaýyn gaznaly gulamlar köpelýärdi.

Altynjan dagy arany açanda çiltenleriň garşysyna söweşýän gaznalylaryň sany hasam köpeldi.

– Çiltenlerim galdy! Çyrlak dagy galdy! Akgaýa dagy galdy! Ýatmaz dagy galdy! – diýip, Altynjan zarlady.

Olar öz bolýan ýerine gelenlerinde Altynjan hatyn özünden gidipdi. Çünki onuň gany köp akypdy.

Aramgähde Togrul begiň özi Altynjana tebiplik etdi, onuň çep tarapyndan – gapyrgasynyň aşagyndan iki gezek ýatagan sokulypdy. Ýataganlaryň sokulan ýerlerinden ýolda köp gan akypdy.

Altynjanyň ganyny sakladylar, tygyň sokulan ýerini Ibn Sinanyň öwredişi ýaly edip tikdiler.

Ol wagty bilen özüne gelmedi. Togrul beg uzynly gijäni onuň ýanynda oturyp geçirdi, özüne gelendigini görüp begendi, gujaklady.

– Altynjan, men seniň ýanyňdadyryn, hiç zatdan gorkmagyn, seni derrew sagaldaryn men.

– Öz ýagdaýyňyz nähili, begim?

– Sen meni gaýgy etme.

– Size hiç zat bolanok gerek?!

– Hiç zat bolanok, Altynjanym, maňa hiç zat bolanok.
Altynjan müňkürlik eden bolarly, ol begiň ellerini, egnini sermeläp, barlap çykdy, şondan soň ýeňil dem aldy:
– Hudaýa şükür!..
Ol bir hepde düşekde ýatmaly boldy. Şol günler Togrul beg onuň ýanyndan aýrylmady.
Altynjan onuň bolşundan bir aýylganlygyň gopandygyny aňdy:
– Näme boldy, begim?
– Hiç zat bolanok, arkaýyn ýat! Kabyl bilen Anuşirwan halyňdan habar alyp durlar.
Altynjan ýatan ýerinden zöwwe galdy:
– Çiltenlerim nirede?
– Ýat, ýat, saňa ýeriňden turmak bolmaýar – diýip, Togrul beg hatynyny düşeginde ýatyrdy.
– Çiltenlerim nirede?
– Esgerler daşarda – diýip, Togrul beg umumy jogap berdi.
– Çyrlak nirede? Akgaýa nirede? Ýatmaz nirede! Anuşirwan, hany Akgaýa! Anuşirwan, hany Çyrlak! – diýip, Altynjan elewräp ugrady. – Hany, olar? Olar näme üçin görünmeýärler? Näme üçin meniň bir çiltenim hem görünmeýär?
– Olar ýörişde.
– Ýok, ýok, olar ýörişde däl! Meniň ýüregim syzýar, olara bir zat bolandyr. Begim, aýdyň, ýalbarýaryn, çiltenlerime näme boldy?
– Sen mert bol, Altynjan.
– Näme boldy, aýdyň!
– Mert bol, Altynjan!
Togrul beg baryny gürrüň berdi: Kabyl bilen Anuşirwan Altynjan hatyny alyp gaýdandan soň, gaznalylar has köpelipdir. Olar çiltenleriň daşyny gabapdyrlar, ýesir almakçy bolupdyrlar, ýöne çiltenler iň soňky demlerine çenli söweşipdirler.
Akgaýa çiltenlere baş bolup, aşak tarapdaky gabawy böwsüp gaçmakçy bolupdyr, ýöne gaçmak başa barmandyr.
Çiltenleriň ýigrimi sekiz sanysy wepat edipdir.
Galan on iki zamahşarla-da ýesir düşmekden başga alaç galmandyr.
– Gylyçlaryňyzy taşlaň! – diýip, gaznalylar gygyrypdyrlar.
Çiltenlerden galan on iki zamahşarly ýesir düşmezlik üçin biri-biriniň döşünden hanjar urup, bu dünýä bilen hoşlaşypdyrlar.
Bu habary eşiden Altynjan ýakasyny çäkläp, gözýaş dökmedi, akylyndan jyda düşene döndi, bir hepdeläp sesini çykarman ýatdy. Ol eşiden habaryna entek ynanyp bilenokdy, göwnüne bolmasa, çiltenler niredendir bir ýerden ýylgyrjaklap geläýjek ýalydylar. Sebäbi ol çiltensiz ömri göz atuwyna getirip bilenokdy.
Altynjan agyr halda ýatan-da bolsa, begiň özüne nämedir bir zat aýtmak isleýändigini aňdy, özem aýdyljak habaryň näme hakdadygyny-da çak etdi. Çakynda ýalňyşman eken.
Togrul beg aýtdy:
– Altynjan, soltan Masut uly goşun bilen üstümize geldi. Biz juda uly töwekgellik edýäris. Men seni şol töwekgellige salmak islemeýärin. Men seni Oguz çölüne – ähli seljuklylaryň maşgalalarynyň arasyna ugradaýyn. Sen ol ýerde ýaş oglanlardan özüňe çilten taýýarla. Diňe çilten däl, kyrk akgyz hem taýýarla. Men seniň kyrk akgyzly hatyn bolmagyňy isleýärin. Ýusup beg wepat edende men kyrk erene duşdum. Olar maňa patyşalyk patasyny berdiler. Nesip bolsa, kyrklaryň, Abu Seýit Abylhaýyryň patasy hasyl tapar. Allatagala menlik bolup, Masudy ýeňsem, onda täzeden toý tutarys. Ikinji toýumyz «Zamahşar gijesindäki» ýaly bolmaz. Reý behişdi ýer diýýärler. Nesip bolsa, ikinji toýumyz, ýaşajak ýerimiz, ana, şol behişdi ýerde bolar. Kyrk gije-gündizläp toý ederis.
Togrul beg bu sözleri aýdanda derledi. Megerem, bu sözleri aýtmak oňa juda kyn düşen bolarly. Özem ol bir ýerde durup bilmän, aramgähiň içinde iki ýana ýöredi. Esli salym dymyp, özüne zor salyp dillendi:
– Talak! Talak! Talak!..

**On birinji hekaýat**

## ÖMRÜŇ IÇINDÄKI ÖMÜR

Ýedi gün ýol ýörelensoň, seljuklaryň çaga-çugalarynyň, aýal-ebtatlarynyň syrgyn bolup oturan ýerine ýetildi.

Altynjana syrgynyň ortarasyndan hyma taýýar edilen eken.

Altynjan bir hepde hymasyndan çykman ýatdy, ýanyna Gyzbibi bilen Peýkertuwakdan başga hiç kimsäni goýbermedi. Dogrusy, onuň hiç kim bilen gürleşesi-de gelenokdy. Hossarlarynyň, çiltenleriniň keşbi göz atuwynda janlanýardy, olar bilen gürleşýärdi, olardan ötünç soraýardy. Hünübirýan aglap ugraýardy, akgyzlar ony köşeşdirjek bolup gara güne galýardylar. Özüne göwünlik berilse, gahary gelýärdi:

– Maňa göwünlik bermäň! Ýok, ýok! Meni uruň! Uruň! Öldüriň! – diýip, ol akgyzlaryň hersini bir ýana zyňyşdyrýardy.

Togrul begiň: «Talak! Talak! Talak!» diýip aýdan pursady Altynjanyň göz öňünde her gün telim sapar gaýtalanýardy. Ol özüne talak berlendigi üçin däl-de, söweşmäge ejiz hasaplanandygy üçin ýanyp-bişip örtenýärdi:

– Bilýäňizmi, Togrul beg meni ejiz hasaplady! Hawa, Togrul beg meni ejiz hasaplady! Nämemiş, men hatynmyşym, men erkeklerçe söweşip bilmeýärmişim! Hany, aýdyň, men ejizmi?

– Ýok, ýok, Altynjan, sen ejiz däl! Sen bäş-on erkege-de taý gelersiň! – diýip, akgyzlar titreşýärdiler.

– Şony näme üçin Togrul beg bilenok? Ä? Näme üçin Togrul beg bilenok! Men başa-baş söweşde Togrul begem ýeňerin. Men ondan ömrümde bir gezek – Zamahşarda birinji gezek duşuşan gezegim ýeňildim. Onuň hem sebäbi gözüne seretdim. Gözi bilen ol meni şonda jadylady! Ýogsam, men ony ýeňerdim. Wadaryg-a, oňarmandyryn, şol gezek men ony öldürmeli ekenim.

– Beýle diýmäň, melikäm!

– Diýjek, ýüregiň darka ýarylýanam bolsa diýjek! Eşitdiňmi?

– Eşitdim, melikäm, eşitdim – diýip, eýjejik akgyz titredi.

– Ýok, ýok, sen eşideňok!

Akgyz Altynjana ýaranmaga çalyşdy:

– Hawa, men eşidemok!

– Togrul beg nejis!

– Hawa, Togrul beg nejis!

– Ol özüne edilen ýagşylyklary bilenok.

– Hawa, Togrul beg özüne edilen ýagşylyklary bilenok...

Altynjan keniziniň ýüzüne geňirgenip seretdi:

– Sen näme üçin meniň aýdan sözlerimi, totuguş ýaly, gaýtalap otyrsyň?

– Siz dogry aýtdyňyz, melikäm, Togrul beg nejis, gadyrbilmez.

– Näme, näme? Neneň diliň barýar seniň? Ä? Neneň het etdiň sen?! Seniň hakyň barmy Togrul bege dil ýetirmäge?

Altynjan bir bökende akgyzyň depesine gondy, onuň çem gelen ýerine ýumruk saldy.

– Günämi geçiň, melikäm!

– Seniň bege dil ýetirmäge hakyň ýokdur, düşnüklimi?

– Düşnükli, melikäm, düşnükli!

Altynjan, özüne talak berlendigine gynanýardy, ýöne ýönekeý esger hökmünde gaznalylaryň garşysyna söweşmäge ygtyýar berilmeýändigine welin, has gynanmak gynanýardy. Bu onuň şeýle bir degnasyna degýärdi, özüni teý köşeşdirip bilenokdy!

– Näme, men indi ýönekeý seljuk esgeri hökmünde söweşip bilemokmy?

– Söweşip bilýärsiňiz, melikäm. Siz ýüz esgere-de taý gelersiňiz.

– Näme, men seljuk beglerinden asgyn söweşýärinmi?

– Siz ähli seljuk beglerinden rüstem söweşýärsiňiz, melikäm.

Altynjan ýene kenizine alarylyp seretdi:

– Wa-weýla, men ýene ýalňyşdym öýdýärin, günämi ötüň melikäm.

– Nämede ýalňyşdyň?

Akgyz näme diýjegini bilmän aglap ugrady:

– Bes et agyňy!

Akgyz gözüniň ýaşyny ýeňine syldy:
– Bes etdim agymy!
– Gepleme diýýärin men saňa!
– Indi geplemerin.
– Jogap berme maňa.
– Men size jogap bermerin.
– Näme?
– Men ýene ýalňyşdymmy, melikäm?

* * *

Düşlegde bolan kyrkynjy güni ýarygije Altynjan düýş gördi. Gören düýşünden gorkup hasanaklap ýerinden turdy, daş çykdy, soňam aýakýalaň, başaçyk ümdüzine gitdi.

Iki sany keniz ony saklajak boldy, ýöne ol saklanarly däldi. Saklajak bolanlara gahary geldi, hersiniň döşünden batly itdi.

Gürüm-jürüm boldy.

Gün günorta bolýança onuň özüniň gelerine garaşdylar. Hernäçe garaşylsa-da, Altynjan gelmedi.

Öýlän onuň gözlegine çykdylar.

Topar-topar bolup gözlege gidenler garaňky düşensoň, «Tapmadyk» diýip, başlaryny aşak salyp geldiler.

Şol gün Altynjany tapmadylar.

Şol günüň ertesem tapmadylar.

Üçünji gün namazşamlar düşlege hoş habar ýaýrady.

– Altynjan tapyldy!

Ol düşlegden juda bir uzakda bolmadyk guýtakda özüni bilmän ýatyr eken. Ony düýä ýükläp getirdiler.

Agzyna suw damdyrdylar.

Altynjan ýene üç gün özüni bilmän ýatdy.

Alty günüň açlygyndan soň, göräýmäge, onda ysgyn-deramat bolmaly däl ýaly, ýöne ol syçrap ýerinden turdy. Asyl hiç zat bolmadyk ýaly, şadyýan ol! Altynjan akgyzlarynyň ählisini-de «Gülýüzli» diýip atlandyrýardy, munuň sebäbini düşündirjek bolup duranokdy. Ýüzi gülüp dur:

– Gülýüzlim, biler bolsaň, içim eljuk[1] diýýär. Owkat getiriň maňa! Käbe şerbetini[2] taýýarlaň! Boluň, boluň! Wagt ýok, biziň etmeli işlerimiz köp.

Altynjanyň bu sözüne akgyzlar, çorular çikgerilişip, biri-biriniň ýüzüne soragly seretdiler.

– Içiňizde janyňyz ýokmy, näme, mölterilişip dursuňyz! Janlyrak boluň! Men ähli zatdan burun suwa düşeýin.

– Gyzgyn suw taýýar, melikäm!

Altynjan suwa düşdi. Onuň bolşy öňki boluşlaryna asla meňzemeýärdi. Ol öňki Altynjan däldi, düýpden başga melikedi. Ony häzirki ahwalatda öň hiç kimse görmändi.

Gyzbibi bilen Peýkertuwagy çagyryp getirdiler. Altynjan olar bilen saçak başyna geçdi.

– Ganymatlaşýarsyňmy, Altynjan? – diýip, Peýkertuwak şübheli sorady.

Altynjan hiç zat bolmadyk ýaly, gaty arkaýyn jogap berdi:

– Meniň ýagdaýym gowy.

Peýkertuwak bu jogap bilen kanagatlanmady:

– Saňa näme boldy? Hiç kime aýtman çykyp gidiberipsiň-le?

Altynjan başdansowma jogap berdi:

– Men düýş gördüm...

– Uky – Hudaýyň dili, düýş – sözi…

Altynjan Gyzbibiniň bu sözüne geň galdy:

– Gyzbibi, dogrudanam, uky Hudaýyň dilimi?

– Şeýle! Allatagala ýetmiş iki dil döredip, bendeleriniň arasynda paýlapdyr. Soň ýetmiş üçünji dili bendeleri bilen gürleşmek üçin ýaradypdyr. Allatagala bendeleri bilen diňe ýetmiş üçünji dilde – ukuda gürleşýär.

– Men düýşümde Tümen daýymy gördüm. Ol maňa Hudaýyň sözüni aýtdy. «Alla adama diňe güýjüniň ýetjek möçberinde ýük ýüklär»[3] diýdi…

Altynjan, näme üçindir, sözüni soňlaman goýdy.

Düýşde yşarat köp. Habarly, manyly, derekli düýşe türkmen «oraşan düýş» diýýär. «Oraşan» röwşen-ýagty sözünden bolmaly. Diýmek, geljegi-boljagy ýagtyldyp, aýdyň, aýan edip görkezýän düýş bolýar-da. Düýşe geljegi geçmişiň üsti bilen yşarat edip görkezmek mahsus. Şu güne degişli düýş, köplenç, ýalan bolup çykýar.

Düýş öz dünýäsiniň täsinligi bilen haýran galdyrýar. Düýş, göräýmäge, şu dünýäniň bolan ýa boljak günlerine degişli ýaly. Emma düýşde başga dünýäniň howasy hemem ruhy bar. Adamlar düýş görmäge ukypsyz bolsadylar, onda olar o dünýäniň bardygyny gümanam edip bilmezdiler. Düýşüň giňişligi giňişlikden aňyrda, düýşüň wagty wagtdan aňyrda.

Düýşdäki hereketler edil agramsyzlyk halatynyň täsinligini ýatladýar. Munda hiç bir zadyň agyrlygy ýok, garyňky ýaly aklyk, tämizlik, terlik hem serginlik bar, demirgazyk gijesiniň garaňkylygy, nämälimligi hemem alyslygy bar, älem giňişlikleriniň biserhetligi, ýürek gopduryjy elýetmezligi, bigäne şemallaryň ýürege gorky salyjy owazlary bar.

Altynjan düýşlerinde çagalygyna gaýdyp barardy. Şeýdip, ol çagalygyň ýitirilen dünýäsini başga dünýä bolan düýşlerinde yzyna gaýdyp alardy. Diňe hyýalda hem düýşde wagt yzyna akyp bilýär. Ýöne hyýal – bu bary-ýogy pikir, düýş bolsa pikiriň janly surata geç-megi. Diňe düýşi görüp, ýagny synlap, tomaşa edip bolýar. Şonuň üçinem ol ýaşaýyş diýen ada mynasyp närse.

Altynjan düýşlerinden maza hem many alýardy. Huşunyň ýetmedik, huşunyň natuwan galan pursatlarynda ol özüne geregi düýşlerinden tapýardy. Perişdeleriň dünýäsine meňzeýän düýşlerden perişdeleriň yşaratlary hemem sözleri gelýärdi. Olar Altynjan üçin gujur, ynam, hereket çeşmesidi. Zemini Asman dolandyrýar diýen gep ýene çyn bolup çykdy. Eýse nä, Zeminiň özi serhetsiz Asmanyň goýnunda aýlanyp dur ahyryn. Huş bary-ýogy düýşüň birje pursatjygy ahyryn.

* * *

Şol günden soň Altynjan  Togrul bege nälet okamasyny goýdy. Asyl, onda boş wagt hem bolmady. Ol uzynly gününi iş bilen geçirdi. Üç müňden gowrak ýetim galan dürli ýaşdaky oglanjyklaryň arasyndan özüne çilten saýlady.

Anuşirwana gelinlik saýlamagy-da unutmady ol. Çünki bu ýerde Seljuk begleriniň ýetişen, owadandan-owadan gyzlary bardy. Gyzlaryň haýsy birisi üçin söz aýtsa-da, Altynjan özüne «Ýok» diýilmejekdigini anyk bilýärdi.

Ine, Hatyja, Çagry begiň gyzy. Ol biçak owadan, edaly, asylly, eli çeper.

Ýusup Bazyrganynyň Güljemile atly gyzyny-da görmäge göz, wasp etmäge söz gerek. Ýöne düşlegde Ýusup Bazyrganynyň maşgalasyny «Gelmişek» diýip biraz çetleşdirýärler. Aslynda welin, Ýusup Bazyrgany Seljuk begiň daýysy. Ýusubyň kakasy Ýyldyz söwdagär eken, ol Bazyrgan şäherine göçip gidipdir, Ýusup dünýä inensoň, Ýyldyz aradan çykypdyr. Eklenjisini ýitiren maşgala seljuklylaryň jemagatyna dolanyp gelipdi, Ýusubyň şondan soňky ýaşlygy Togruldyr Çagry dagy bilen bile geçipdi.

Dürnazaryň Dilber atly gyzy özüniň yhlasy bilen özge gyzlardan parhlanýardy. Ol Altynjany şeýlebir ezizleýärdi, uzynly gün hyzmatynda durýardy.

Altynjan bu üç gyzyň haýsysyna Anuşirwan üçin söz aýtjagyny bilmän kösenýärdi.

Wagt Dilberiň peýdasyna işledi, Altynjan ähli gyzlaryň içinden Dilberi saýlady, onuň bilen ysnyşdy. Bir günem pikirini beýan eýledi:

– Dilber jan, nesip bolsa, sen meniň gelnim bolarsyň. Meniň halanymy Anuşirwanym hem halar. Ol seniň jemalyňy görse, derrew saňa aşyk bolar.

Altynjanyň bu sözi düşlege ýaýrady. Şondan soň, Hatyja Altynjan melikeden, näme üçindir, gaça durdy.

Düşlegdäki ähli kişi Horasandan hoş habara garaşyp ýaşaýardy. Düşlege çapar gelse, ähli kişi onuň daşyna üýşerdi.

Gumdaky jemagata Musa ýabgu ýolbaşçylyk edýärdi.

Bir ýyl geçensoň ol öz ornuny Altynjana doly tabşyrdy.

## On ikinji hekaýat

## BÜRGÜT HÜJÜMI

### 1. Mäne söweşi

Soltan kelebiň ujuny ýitirensoň, wezirlerine geňeş saldy: seljuklylardan nädip dynmaly?! Olary nädip ýok etmeli?! Soltanyň bu sowalyna beýik hoja Ahmet-i-Abd-as-Samat bilen Bu-Nasr Mişkan: «Şalygyň goşuny Hyratda bir ýyl dynç alsyn, dynç alnan döwürde seljuklylary derbi-dagyn eder ýaly ýene goşun jemlemeli» diýip, jogap-maslahat berdiler. Olar soltana özleriniň pikirini ýeke-täk dogry pikir hökmünde ynandyrmagy başardylar.

Elli müňlük atly goşunyň bir ýyllap Hyratda bikär durmagy soltanatyň bähbidine bolmady. Goşuny saklamak üçin köp mukdardaky azyk ýerli ilatyň boýnuna düşdi. Bu welaýaty gedaý düşürdi. Açlyk nägilelik bolup aýaga galdy. Eden-etdilik bilini guşap, hökmürowanlyk etdi.

Bir man çöregiň bahasy bir dirhemden üç dirheme çenli ýokary göterildi. Puluň gymmaty bir dirhemden bir danka (altydan bir dirheme barabar) çenli pese düşdi.

Ýerli ilat topar-topar bolup Hyrat welaýatyndan başga parahat welaýatlara göçmäge – gaçmaga başlady. Köçelerde açlykdan ýaňa ölüp ýatan adamlar barha köpelýärdi.

Açlyk diňe bir Hyratda däl, Horasanda hem agalyk edip ugrady. 1040-njy ýylyň başynda bir man çöregiň bahasy on üç dirheme ýetdi.

Ekerançylyk ýerleriniň bahasy hem aşak düşdi. Iki ýyl mundan öň bir müň dirhem bahasy bolan bir žuftar ekerançylyk ýerini bir man bugdaýa hiç kim çalşanokdy. Güýç-güýç ýeteniňkidi. Bir döwüm tötek üçin adam öldürmek adaty zada öwrülip barýardy. Dehistanda bir dinara on man bugdaý ýa on bäş man arpa satyn alyp bolýardy.

Uly goşun bilen bir ýerde uzak durup bolmajak eken. Hyratda hem durarlyk galmady.

Soltan Masut mejbury ýagdaýda Hyratdan çykyp, seljuklylaryň üstüne ýörişe ugrady.

* * *

Abywertden uzakda bolmadyk Mäne galasynyň ilaty soltan goşunyna urfis ýardamyny[1] bermekden ýüz öwürdi, soltan goşunyna boýun sunmaýandygyny mälim etdi: derwezesini açmady. Galada görnükli allama Abu Sahyt Abylhaýyr (Mäne baba) ýaşaýardy. Ol soltan Masudyň Horasanyň halkyna edýän süteminden nägiledi. Ol özbaşdak Horasan döwletini gurmagyň tarapdarydy. Hut şu maksat bilen seljuklylara Murgabyň kenarynda öz döwletlerini döretmeklerine ak pata beripdi.

Mäne galasynyň gabawy kyrk güne çekdi. Kyrk gije-gündiziň dowamynda soltan Masudyň elli müňlük goşuny galany boýun egdirip bilmedi.

Kyrk gije-gündiziň dowamynda Mänäniň kyrk bir sany ussat ýaýçysy soltan goşunynyň müňläp gulamyny öldürdi.

Soltan ahyr galanyň ilatyny mugyra getirmegiň ýoluny tapdy: dagdan gelýän iki çeşmäniň ikisiniň hem öňüne böwet basdy. Şeýdip, galany suwsuz goýdy.

Galanyň adamlary teşnelik zerarly derwezelerini açmaga mejbur boldular.

Soltan özüniň köpsanly görnükli serkerdesini, müňläp gulamyny ýaý bilen atyp öldüren mäneli ýaýçylaryň kyrk biriniň sag elini gaýdyp ýaý atyp bilmez ýaly kesdirdi[2].

Bu jeza berişlikden soň eline ýarag alyp soltana garşy çykjak horasanly bolmaz öýden soltan Masut ýalňyşandygyna bir menzil geçip-geçmänkä göz ýetirdi: mäneli ýaýçylaryň gününe düşmek isleýän ýaly, dumly-duşdan soltan goşunynyň üstüne atylýan keýmir oklar köpelip ugrady.

Ölümden gorkmaýan halky mugyra getirip bolmaýar. Seljuklylary ýaran edinen horasanly türkmenler hem ölümden-de, soltandan-da gorkmaýan güýje öwrüldiler. Soltan Masut bu ahwalaty duýdy, şonuň üçin hem Mäneden Nusaýa gitjek bolmady. Seljuklylaryň iň köp jemlenen ýeri bolan Merwe ýöriş etdi. Nusaý bilen Merwiň aralygy bäş günlük ýoldy[3].

Mäne söweşi seljuk türkmenleri tarapyndan bürgüt hüjümi boldy. Seljuklar onda Oguz handan galan harby gurluşy täzeden dikeltdiler. Bu gurluş şertli-suratly göz öňüne getirmede ganatlaryny ýaýyp, öz awunyň üstüne eňip barýan bürgüdi ýatladýardy. Seljuklaryň baýdagynda iki kelleli bürgüt şekiliniň bolmagy-da özüni gapdaldan görşüň şo hilinden alnandy.

Bürgüt, aslynda, harby aňlatma. Seljuklaryň öz harby güýç-kuwwatyny aňmasy. Harby güýjüň tugda şekile getirilmegi syýasy jähete geçip, täze döräp gelýän türkmen döwletiniň harby-syýasy göwredigini alamatlandyrýardy. Munuň özi türkmenleriň milli-syýasy barlygynyň ähli mazmunyny özünde jemleýän şekili boldy. Şu ýerdenem türkmen döwletiniň nähili esaslara daýanýandygy, haýsy gymmatlyklary ileri tutýandygy, nähili dolandyrylýandygy aýdyň görünýärdi. Birinjiden, döwlet, ilkinji nobatda, harby gurluşdy, döwlet gurluşy-da, ozaly bilen, harby-goşun gurluşydy. Bu hili gurluşda döwlet bilen goşun aýny bir barlyk hökmünde göz öňüne gelýär. Döwlet milletden kemala gelýär, goşun bolsa, öz gezeginde, döwletden kemala gelýär. Oguz han eýýamynda goşun bilen millet aýny bir zat bolsa, seljuk eýýamynda goşun bilen döwlet bir aýnylyk boldy. Şu hili görnüşe, aňlanylyşa laýykatlykda döwletiň ilkinji hem esasy wezipesi harby gurluşyk, harby ýaşaýyş bolup, aňyýet, medeniýet, ruhyýet wezipeleri hemem görnüşleri harby esaslardan gelip çykýardy. Harby kesgitlemäniň esasy bolmagy, şu ugurda milli türkmen düşünjelerine daýanylmagy döwlet gurluşynyň beýleki – aňyýet, ruhyýet, medeniýet meselelerinde şu döwletiň gurluşyna gatnaşýan eýranly, arap hem gaýry milletleriň öz taryhy tejribesini orta goýmagyna ýol açýardy. Şeýdibem, bitewilikde alanyňda, sap türkmen esaslary bolan, emma gaýry musulman halklarynyňam döwlet tejribesini özüne siňdiren täze musulman imperiýasy kemala gelip ugrady. Bürgüt şekilli döwletiň esasy awy bolsa möwriti öten azgynlyk, meslik hemem nalajedeýinlik boldy.

## 2. Hakykaty boýun almak juda kyn

Togrul beg soltan Mahmyt, onuň ogullary bilen içgin gyzyklanýardy. Olar hakda bir ýa iki gezek eşideni bilen çäklenmeýärdi. Söbüktegin nesilşalygy bilen baglanyşykly söhbetleri, onuň «Pentnamasyny» gaýtalap-gaýtalap diňleýärdi. Soltan Masudyň Baýhaky atly debiriniň[4] parasatly kişidigi hakda eşidensoň, onuň ýazgylaryny ele salmagyň ugruna çykdy.

Togrul beg Söbüktegin nesilşalygyndan Mahmyt soltandan özge hiç kimi görmese-de, ol ähli neberäni bäş barmagy ýaly, örän takyk bilýärdi. Aňynda olar bilen ýaşaýardy.

Megerem, Söbüktegin nesilşalygyny Togrul begden başga şeýle bir takyk bilýän, olar hakda şeýle içgin gyzyklanýan ikinji bir adam ýokdur?

Soltan Mahmyt özünden soň ogly Muhammediň soltan bolmagyny wesýet edipdi. Şeýle hem edildi: Muhammet Jüzjandan[5] Gazna geldi. «Susak sapy» eline ýeten Muhammet soltanlyk möhletiniň bary-ýogy ýigrimi bäş gün boljagyny öňünden aňan ýaly, haýdan-haý tagtyň eşretini görmäge – aýşy-eşretde, şöwhetde bolmaga girişdi, ýöne köşkdäki wezir-wekiller oňa bahyllyk etdiler: soltanyň dogany Masuda nama gönderdiler. Özleriniň soltan tagtynda Masudy görmek isleýändiklerini nygtadylar. Masut il-günüň bähbidiniň hatyrasyna agyr hem asylly wezipäni öz gerdenine almak baradaky pikiri unady. Onuň emri bilen Muhammet tussag edildi. Görgülini Guruň Mendiş galasyna ugratdylar. Birden özüne garşy çykmagyndan heder eden Masut Muhammediň gözüne nil çekdirip, görejini mynjyradyp, kör etdi[6].

Bagdat halyfy soltan Mahmyt Gaznaly bilen dil tapyp bilmänden soň onuň ogly Masuda umyt baglady: ony Merkezi Aziýanyň patyşasy diýip ykrar etdi, oňa «El Muntakym agda Allaha»[7] diýen unwan bilen ýüzlendi, ony karamyta[8] atlandyrdy.

Masut edil Muhammet ýaly köşk – atabeg terbiýesini alan sowatly-düşünjeli kişidi, türkmen dilinden başga dari, arap, pars dillerini suwara bilýärdi. Edebiýaty gowy görýärdi. Ulamalar, şahyrlar bilen dürli mowzuklarda jedele girmekden lezzet alýardy.

Soltan Masut daýaw göwreli, dolmuş kişidi. Ýaşlygynda pälwanlar bilen göreş tutardy, daş götermek bäsleşiklerine gatnaşmagy gowy görerdi.

Ol rehimsizdi, sähel bir zat üçin hem öz wezir-wekillerini jezalandyrýardy. Başda göwni ýetip, taryplap ýören başarjaň, tejribeli serkerdesi Emir Ýusup bin Mahmydy, serkerde Aly Kazyby, serkerde Är Ýarygy, serkerde Gazyny, Hindiň goşunbaşysy Ahmet Niýaltegini ýok etdi. Özem olary wagşyýana jezalandyryp öldürtdi. Hyradyň emeldary Abu Talha Şibliniň derisini sypyrmagy emr etdi. Bu emriniň amal edilişinden lezzet aldy.

Ýaşaýşyň manysy lezzetde, ýöne bu lezzeti her kim bir zatda görýär, her kim bir zatda tapýar. Adamyň ähli okgunlylygy, yhlasy – durmuşdan almak isleýän lezzetini tapmakda, kanagatlandyrmakda. Lezzet adama ýaşaýyşda kanagat, gujur-gaýrat, ertirki güne hyjuw berýär. Soltan Masudyň gullugyndaky wezir-wekiller oňa hyzmat edip, onuň göwnüni awlap, özlerine ýaşaýyş eşretlerini, bolçulygyny döretmek isleýärdiler. Soltana hyzmat etmek, onuň göwnüni awlamak – gazanç etmek. Lezzetiňe, maksadyňa ýetirýän zat – soltanyň göwnüni awlamak. Onuň göwnüni awlap bilseň, ol tarhandökerlik bilen eçilýär. Şeýle bolansoň, soltanyň ýanynda ölüp-öçüp hyzmat edýän wezir-wekiller kändi.

Soltan Masut köşk dabaralaryna, şeraba aşa gyzygýardy. Onuň hemdemleri sekizden on iki satgine[9] çenli şerap içenlerinde ysgyn-deramatdan gaçýardylar. Soltan Masut welin, ýigrimi ýedi satgin şerap içýärdi, şonda-da özüni ýitirmeýärdi, täret kylyp gelse, ýene sersagdy.

Ol şerapdan, neşeden keýpini kökläp, köşkdäki ähli emeldarlaryny nyzama durzardy. Olaryň öňünden eýläk-beýläk geçip, olara özüniň suhanwerlik ussatlygyny görkezerdi. Her hili mowzuklardan nutuklar sözlärdi.

Herhal, suhanwerlikde nedimi Abu Nagyma aýratyn sarpa goýardy. Şonuň üçin soltan Abu Nagyma bir kurur dirhem baýrak berdi. Bir gije soltan Alawy şahyra bir kurur dirhem bagyşlady. Bir baýramçylykda soltan söýgüli şahyry Unsura müň dinar, beýleki ýüz elliden gowrak şahyryň her birine ýigrimi müň dirhem, aýdymçylaryň, sazandalaryň, masgarabazlaryň, rakysçy gyzlaryň hersine otuz müň dirhemden baýrak berdi. Ol täjir Mutyga bir gijede on alty müň dinar eçildi, şeýle hem soltanyň on alty müň dowaryny bakýan, elli müň dinar bergisi bolan öz iş dolandyryjysy Mank Aly Meýmuna hem ýigrimi müň dinar peşgeş berdi.

Köşkde soltanyň göwnüni awlap bilýän wezir-wekiller baýaýardy. Uly emeldarlaryň ählisiniň ekerançylyk ýerleri, baglary, mülkleri, süri-süri mallary, gulam-kenizleri bardy. Soltanyň kätibi Tahyryň Balh welaýatynyň Şarystan galasynda biçak owadan saraýy bardy. Bu saraý ýokary hilli bezegler bilen bezelendi. Tahyr 1032-nji ýylda Reýde özüniň wezirlik döwründe şerap içilýän otagynyň içini gül ýapraklary, tylla we kümüş teňňeler bilen düşedi. Özi gülden ýasalan täji başyna geýip oturýardy, köplenç ýüpek gaply tylla hem kümüş şerap gaplaryny (jam, bulgur, şeňňil) biline daňyp, özüniň meslekdeşleri, hemdemleri bilen rakys oýnaýardy. Soltanyň nedimi Abu Bakr Hasyrynyň şeýlebir baýlygy bardy welin, Ahmet Meýmendi ondan şa üçin üç ýüz müň dinar tylla isledi[10].

Hasanak weziriň alty ýüz sany şahsy gulamy, ummasyz köp mukdarda emlägi bardy. Bir gezek ol Nyşapurdan Balha soltan üçin engam-hedýe getirdi welin, ony bäş ýüz düýe çekýärdi. Meýmendiniň özüniň altyn-kümüş baýlygy otuz kurur dirhemden hem köpdi. Ol Kelejar zyndanyndan azat bolandan soň tä Balha çenli tagtyrowana münüp geldi. Şonda gulamlar ony çölde, düzde, dagda öz gerdenlerinde göterip getirdiler. Elbetde, ol pile münübem Balha rahat baryp bilýärdi, ýöne wezir özüniň hemem baýlygynyň güýjüni il-güne mazamlamak isläpdi. Tä Balha gelýänçä gullaryň gerdenindäki tagtyrowanda gaýşaryp oturypdy, owkatyny hem täretini tagtyrowanda oturyp edinipdi.

Horasanyň häkimi Abul-Fazl Sury bir gezek soltan Masut üçin bäş ýüz düýe hedýe-engam iberdi. Bu hedýe-engamlaryň dört kurur dirhem gymmaty bardy. Hedýe-engam gulamlardan, kenizlerden, gap-gaçlardan, müşklerden, kafurdan[11], merweritden, mahfur düşeklerinden, halylardan, zerli lybaslardan, unnaplardan[12], sary, ýaşyl, gyzyl haltalara salnan tyllalardan we kümüşlerden, içgilerden ybaratdy. Soltan Horasan dikmesiniň iberen hedýelerini görende ony taryplady: «Meniň Abul-Fazl Sury ýaly ýene iki-üç emirim bolsady, onda men älem-jahanyň hökümdary bolardym» diýip[13]. Soltan Suryny beýleki emirlere göz etmäge çalyşdy. Aslynda welin, Abul-Fazl Sury zalym hem ýowuz adamdy. Bu hedýeler Surynyň Horasan halkyndan zor bilen alan baýlyklarydy. Halk Surydan gan aglaýardy. Müňläp kişiniň ahy-pygany soltanyň şatlygyna öwrüldi.

Soltan sowgat almagy, sowgat bermegi gowy görýärdi, ýöne hernäçe tarhandöker hem bolsa, sähel baýlyk üçin alagykylyk edýärdi, bir piliniň ölendigi üçin Gaznanyň pilbanlarynyň boýnuna ýüz müň dirhem jerime salypdy. Gaznada döwlet pillerini saklamak üçin üç müň sany meýdança bardy.

Soltanyň köşgüniň şahyrlarbaşysy Unsury kümüşden tagan hemem çörek mejimesi, arassa altyndan gap-gaçlary ulanýardy[14].

Masudyň çakyza tutgaýy[15] bardy. Bu keseli onda çagalykda döräpdi, ýöne bu dert on ýyl bäri azar bermändi. Seljuklylar soltanyň bu derdini ýygy-ýygydan gaýtalanyp duran derde öwürdiler oturyberdiler. Belki, bu derdiniň gozgamasy seljuklylardan dälse däldir, ýöne Masudyň özem, onuň tebiplerem, wezir-wekillerem bu derdiň gozgamasyny Togrul begden gördüler.

Masudyň çakyzasy tutan wagty giň dünýä iňňäniň gözi deýin daralýardy. Şol mahal oňa hiç kim hemaýat edip bilmeýärdi. Bu derdiň garaguş kakyn keseline sapýandygy hakdaky myş-myşlar Masudy hasam howsala salýardy. «Eý, Hudaý, men çakyza bilen garaguş kakyn derdiňi çekeýin, ýöne meni seljuk derdinden daş edeweri» diýip dileg edýärdi. Juma namazynda okalýan hutbalarda hem soltanyň çakyza tutgaýynyň dep bolmagy dileg edilýärdi, ýöne soňky günler ol dileg seljuklylaryň derbi-dagyn edilmegi hakdaky dileg bilen ornuny çalşypdy. Soltan Masudyň şagalaň-meýlisleri öwsele edinmeginiň bir sebäbi özüniň çakyza tutgaýynyň gozgamazlygy üçin kellesine «dynç bermegidi». Bu dert onda gahary gelende, lapykeç bolanda tapylýardy. Şeýle bolansoň onuň ýanynda ajy habarlary aýtmakdan eýmenýärdiler. Zerurlyk ýüze çykanda soltana şum habarlary aýdyp bilýän adamlar sanalgyjady.

Wezir-wekilleriň, köşk emeldarlarynyň baş maksady soltanyň göwnüni götermekdi, begendirmekdi.

Ýylda iki gezek – nowruz hem mehrjan baýramçylyklarynda ýurduň Horezm, Gürgen, Balh, Kerman, Bulujystan, Sistan, Horasan ýaly welaýatlaryndan soltan Masuda her hili gymmatbaha harytlar, altyn teňňeler hedýe-engam iberilýärdi. Masut bu hedýe-engamlara aýratyn ähmiýet berýärdi. Ol dabaralary, toýlary geçirmegi, özüniň sahylygy bilen barjamly adamlary aňk etmegi gowy görýärdi.

Soltan Masut Gürgen welaýatynyň häkimi Bakalanjaryň gyzyna öýlenende bir bukjalyk daragt getirtdi[16]. Tagtyň düşegi kümüşdi, miwesi ýakutdan, ýapraklary pöwrizeden hemem zümerretden bolan otuz agaja eýedi. Bu agaçlaryň daş-töwereginde ýigrimi sany bezelen kümüş, dürli göwherler nerkesdany[17] goýlup, her birinde tylladan, kümüşden edilen bir sany sipergam[18] bardy.

Soltan dört müň gulam saklaýardy. Olaryň tylladan edilen gurgurma guşaklary, gulakhalkalary, bileklerine, dyzlaryna daňynýan söweş garujyklary, dyzlyklary bardy. Gulamlaryň bir topary jöwher bilen bezelen guşak hem gylyç dakynýardy. Ýene bir topary bolsa kümüş guşaklydy, kümüş gulakhalkalydy, gürzülidi. Soltanyň saý atlarynyň hemmesiniň jöwhere hem altyna bezelen eýer-esbaplary bardy. Ol ýörişe çykanda ýany bilen segsen sany ätiýaçlyk saý at äkidýärdi. Onuň otuz atynyň jöwherden, elli atynyň bolsa tylladan eýer-esbaplary bardy.

Diňe bir garamaýak halk däl, hyzmatyndaky wezir-wekiller hem soltandan nägilediler. Sebäp soltan olaryň pikirini diňlemeýärdi. 1032-nji ýylda Masut iki gezek wezirler mejlisiniň kararynyň tersine Hindistana goşun çekdi. Seresiti, Hansi galalaryny basyp aldy. Wezirler Ahmet Hasan Meýmendi, Hoja Abd-as-Samat, Bu-Nasr Mişkan dagy soltanyň eden-etdiliginden, jalaýlygyndan, äsgermezçiliginden has nägilediler. Ýöne seljuklylaryň özünden rüstemligi, hiç kimden göwün çotunyň çykmazlygy soltany bellibir derejede mugyra getiripdi. Öň wezirler mejlisiniň pikirini pitiwa almadyk Masut indi köplenç wezirler diwanynyň pikirine bil baglaýardy. Sarahsda geçiren wezirler diwanynyň mejlisinde wezirleriniň pikirini unap, şolaryň diýeni bilen boldy. Şolaryň pikiri bilen gyşy Hyratda, Nyşapurda geçirdi. Ýöne wezirleriň pikirem ýurdy halas edip bilmedi. «Men size ygtyýar berýärin. Näme diýseňiz, garşy çykamok. Seljuklylary ýok ediň-dä! Başaryp bilmeseňiz, onda maňa göni aýdyň, olary özüm ýok edeýin» diýip, Masut zol-zol wezirlerine igendi.

Wezirler diwanynyň pikirine gulak asyp ýurduň ýagdaýyny has hem aşak gaçyran, seljuklylaryň eden-etdiligine möwç beren Masut indi gaýdyp wezirler diwanynyň akylyna gulak gabartmajakdygyny, öz akyly bilen ýöriş edip, ýurdy tertibe saljakdygyny, seljuklylary derbi-dagyn etjekdigini aýdyp, hyjyl tartýardy. Ol bu ýörişiň ykbal çözüji ýöriş boljakdygyna berk ynanýardy.

Masut nämede aldansa-da, bu ynamynda aldanmandy...

Onuň Horasana gelmegi bu seljuk begleriniň maksadydy: «suwy bulandyryp, balygy suwuň ýüzüne çykardylar, indi balygy tutmalydy!»

### 3. Seljuklylar yslamyň din gylyjy bolar

Togrul beg soltan Masudyň Sarahsa ýakyn gelendigini eşidip, geňeş çagyrdy.

– Daşrabatda[19] soltan goşunyny garşy almaly. Şonuň üçin hem Daşrabadyň özündäki hemem töweregindäki ähli guýulary gömmeli. Goý, soltan goşuny, ilki bilen, suwsuzlykdan kösensin!

– Galadaky hemem galanyň töweregindäki ähli galla, arpa, bede gorlaryny guma äkitmeli. Goý, soltanyň goşuny, atlary açlykdan ölsün!

– Seljuk goşuny diňe soltanyň hasabyna iýip-içmeli: gijelerine soltan goşunynyň azyk üpjünçiligi bölümine duýdansyz çozuş edip, azyklaryny talamaly.

– Olaryň suwly meşiklerini deşmeli.

– Üç ýüz dowulçy soltan goşunynda gulluga durmaly.

* * *

Sarahsyň ilaty soltany şähere goýbermek, haraç tölemek islemedi[20]. Bu habary eşiden soltan gazabyna tutdy: ilaty gyrmak gyrdy. Şondan soň Sarahs – Merw ýoluna düşdi. Ýoluň ugrundaky Daňdanakan galasynda iňlär siňek ýokdy[21].

Galanyň dym-dyrslygy, adamsyzlygy soltany iňkise goýdy: eşidişine görä, seljuklylar Nusaýda-da şeýle edipdiler: galany boşadyp, guma gaçypdylar. Şo gezek salar Begdogdy on ýedi müň atly gulamy bilen seljuklylaryň üç müň atlysyndan ýeňlipdi. Eý, Hudaý, bu gezek nähili bolarka?!

Soltanyň howsalasyna täze howsala goşdular: oňa ähli guýularyň gömlendigini habar berdiler.

Baharyň soňky aýydy. Howa onçakly yssy bolmasa-da, suwsuz oňňut edip boljak däldi.

Goşun Daňdanakan galasynda düşledi. Nirelerde guýylaryň bardygyny anyklamak üçin çar tarapa topar-topar atly ugradyldy, ýöne ugradylan atlylaryň galabasy yzyna dolanyp gelmedi, olar gürüm-jürüm boldy. Käbir topardan diňe birki atly dolanyp gelip, seljuklylaryň köpdügi barada dowul turuzdy.

* * *

Togrul beg on alty müň atlysy bilen soltanyň elli müňlük goşunyny başa-baş söweşde ýeňip bilmejekdigine, diňe hile-al bilen ýeňip boljakdygyna akyl ýetiripdi. Şonuň üçin ol esasy ünsi soltan goşunynda dowul-gorky döretmäge, goşunyň huguny çykarmaga jemledi.

Gijelerine soltan goşunyna birjigem uky berilmeýärdi, garaşmadyk ýerinden hüjüm edip, alabasgy döredýärdiler. Aýylganç-aýylganç gygyrýardylar. At aýaklarynyň dükürdisini edip bilýän, ýolbars ýaly arlap gygyrýan ýörite adamlar gündizlerine dynç alyp, gijelerine soltan goşunynyň kä ol ýerinden, kä bu ýerinden gykylyk-basgy döretmäge girişýärdiler.

Başga bir topar gijelerine soltan goşunynyň gulamlaryny öldürýärdi: olar gaznaly gulamlar deýin geýinýärdiler, duşman düşlegine barýardylar. Garaňkyda kimiň-kimdigini saýgarmak kyn düşýärdi. Her kim garşysyndaky garany duşman hasaplap hüjüm edýärdi. Şeýle ýagdaýda seljuklylara gaznalylaryň özlerem biri-birini gyryp, kömek berýärdiler. Iň esasy zat dowul döretmekdi.

Bir aýyň içinde soltan goşunynyň hakyt hugy çykaryldy.

Togrul soltan Masudy ele salmak isleýärdi, ýöne soltan öz ýüpek hymasyndan daşlaşmaýardy.

Togrul beg iki gije soltanyň ýatýan hymasyna barjak bolup synanyşdy. Iki synanyşygy-da şowsuz gutardy. Çünki soltanyň hymasynyň daşynda dokuz hatar gorag bardy. Birki hatar goragy ät galdyryp geçäýeniňde-de galan hatar goraglary geçmek mümkin däldi. Gijelerine wezirlerem soltanyň ýanyna aňsat-aňsat baryp bilenokdylar.

Soltan goşuny titreýärdi, çünki olar ençeme gün bäri uklamandylar. Olaryň bar aladalary seljuklylardan aman gutulmakdy.

* * *

Soltan goşunynyň ýagdaýynyň egbarlandygyna, gury sandyklaryna göz ýetiren Çagry beg bilen Togrul beg on alty müňlük atly goşuny söweşe salmak kararyna geldiler.

Baharyň soňky aýynyň ýigrimi ikisinde başlanan söweş seljuk begleriniň soltan goşunynyň ýagdaýy baradaky pikiriniň dogrudygyny äşgär etdi. Soltan öz bäş ýüzden gowrak gulamynyň on-on bäş sany seljuklydan gaçmasyna teý akyl ýetirip bilenokdy[22].

Juma güni – maý aýynyň ýigrimi üçünde seljuklylar dört tarapdan hüjüme geçdiler. Olar «Gurt oýny» diýip atlandyrýan öz milli söweş usulyny ulandylar, soňra gollara bölünip söweşdiler. Bir gol belli bir wagt duşman bilen söweşýärdi, ýadarçalyk wagt geçenden soň goşun bir gyra çekilýärdi-de, öz ýerini täze gola berýärdi. Bu söweş usulynyň adyna «kurdus» diýlip at berilýärdi.

Diňe bir kurdus däl, seljuklylaryň ulanýan söweş usullary dürli-dürlüdi, esasan, ýagdaýa görä söweş usulyny ulanýardylar.

Gurt oýny, syrtlan oýny, urha-gaç urşy, sabahun – tenahun uruş usullary iň köp ulanylýan uruş usullarydy.

Çagry beg sabahun uruş tilsiminde söweşmegi gowy görýärdi. Bu usulda söweşmekde, ol hakykatdan hem taýsyz ussatdy.

Ybraýym ynal[23] bilen Musa beg syrtlan oýny tilsimini gowy görýärler.

Arslan ýabgu söweşde gurt oýnunyň tarapdarydy. Bu usuldan aýratyn lezzet alardy. Resultegin beg söweşde köplenç kakasynyň gowy gören söweş tilsimini ileri tutýardy.

Togrul beg hem gurt oýnuny gowy görýärdi, ýöne onuň has lezzet tapýan, alýan söweş usuly tenahun usulydy.

Tenahun uruş usuly – duşmanyň goşuny bilen duşmany ýok etmekdi.

Söweş wagty gaznaly goşunyndan üç ýüz ýetmiş kişi seljuklylara goşuldy. Hindi, arap, kürt esgerleri çar tarapa gaçyp başladylar.

Söweş meýdanynda oňly goşun galmanyndan soň, gaçmak gezegi soltana ýetdi: ol pilinden düşüp, atyna münüp düw gaçdy. Üç günde on sekiz aty çalşyp, yzyna garaman gaçdy.

Garagum çöli duşman bolup gelenleriň metdi-masgara bolup ýeňilýän pellehanasy!

Syrak atly bir padyman öz halkyny gyrmak, boýun egdirmek üçin gelen lek-lek goşunly ahemeni şasy Darini: «Men size öz halkymyň gizlenýän ýerini görkezeýin» diýip, Garagumuň jümmüşine aldap eltip, ahemenileriň goşunynyň suwsuzlykdan gyrylmagyna sebäp boldy[24].

Garagum çöli – Hydyr atanyň synag mekany!

«Türkmenleriň hossary – enesi-de, atasy-da çöl».[25]

Ol türkmen halkyny duşman bolup gelenlerden goraýar.

Bu gün soltan Masut amana gelip, Garagum çölüniň içi bilen gaçyp barýar.

Garagum çöli nire, «balyk» nire!

Çölde «balygyň» uzak durup bilmejekdigi köre hasa!

Soltan Masut hem öz betbagtlygynyň üstüne öz aýagy bilen geldi.

Adyndan başga Masut (Bagt) galmady onda!

Soltan Masudyň söweşe gözegçilik eden depesi – bargähi, hymalary ähli zady bilen birmeýdan eýesiz galdy.

Ýeňiş depesi!

Ol depeden gaznalylaryň baýdagy aýrylyp, seljuklylaryň gara baýdagy dikildi.

Depä seljuk begleri geldi!

Söweşiň üçünji güni aýyň ýigrimi dördünde seljuklylar doly ýeňiş gazandy!

Ahyryl-ahyr söweş gutardy!

Ahyryl-ahyr maksada ýetildi!

Seljuk goşuny ýeňdi, indi olaryň garşysyna çykjak goşun-da, döwlet-de ýok. Garşysyna çykjak soltan, hana, garadere batyp, zut gaçyp barýar!

Seljuk begleri begenip, dikine gygyrýarlar:

– Ýedi yklym biziňki!

– Dünýä biziňki!

– Biz dünýäniň hökümdary!

Seljuk begleri, esgerleri sesleriniň ýetdiginden zowlatdylar. On alty müňlük goşun üç seljuk serkerdesiniň – Togrul begiň, Çagry begiň, Musa begiň atlaryny gaýtalap gygyrýardylar:

– Togrul beg!

– Çagry beg!

– Musa beg!

– Seljuklylar! Seljuklylar!

Soltan Masudyň ýüpek bargähinde tagt lowurdap durdy. Ol tagtda indi hiç wagt Masut oturmaz. Ol tagt indi Togrul begiň, hawa, hawa, Togrul begiň tagty bolar.

– Ýedi yklyma öz şalygymyz barada fethnama (ýeňişnama) gondereliň!

– Ilki bilen, soltan Masuda fethnama göndereliň, Gutulmyşy zyndandan boşatmagyny talap edeliň!

**Dünýä geçirijidir, ebedi däldir, Jemşidiň döwletinden beýik döwlet ýokdy.**
**Belent asman ony aýak astyna taşlady, jahana başga serdary getirdi.**

**A. Firdöwsi. «Şanama».**
**504 sah. 19-20 setirler.**

– Bagdat halypasy Kaýym Bemryllaha fethnama göndereliň. Goý, ol bizi ykrar etsin hemem bize ykrarlyk baýdagy bilen teşribini (halat) ibersin!

– Basyl kaýsaryna, Müsür mukawkysyna, Hebeş nejaşisine, arap raýislerine, Garahan ilhanyna ýeňişnama göndereliň!

– Jürjaniýa fethnama göndereliň!

– Bu depäniň üstünde öz şalygymyzy berkarar edeliň – gurultaý[26] geçireliň. Goý, ähli ýerlerden türkmen wekilleri gelsinler. Ähli şäherlere häkimleri özümiz belläris.

Jahan seljuk begleriniňki boldy!

Gurultaýyň öňüsyrasy Togrul begi, Çagry begi, beýgu Kelany zeýtun ýagyna ýuwdular.

Ýedi günläp zeýtun ýapragyny tüsseletdiler, daşlaryndan zümerret daşlaryny aýladylar. Şeýdip, seljuk beglerini göz degmeginden goradylar.

Şondan soň seljuk begleri gojalaryň, pirleriň pata bermegi birle eginlerindäki kepenlerini aýryp, patyşalyk egin-eşigini geýdiler.

Gylyç ýa kepen däbi bilen maksada ýetilendigi mynasybetli toý tutuldy.

Ähli seljuk esgerleri kepenlerini otlap, eşik geýdiler.
Seljuk beglerine aýry-aýrylykda täze egin-eşikler geýdirilip, billerine altyn guşaklar dakyldy.
Gurultaýda il kethudalarynyň oňlamagy bilen patyşa, beg göterilen kişilere sadykatlyk bilen boýun sunjakdyklaryna ähli seljuk kethudalary, begleri, esgerleri Gurhandan, desterhandan wepadarlyk kasamyny içdiler.

* * *

**Şol gün çöle seljuk begleriniň maşgalalarynyň yzyndan çapar ugradyldy.**
**Seljuk begleri öz maşgalalaryna gowuşdylar.**
**Talak berlen hatynlara täzeden nika gyýyldy, täzeden toý toýlandy.**

## On üçünji hekaýat

## RAHATLYKDA RAHATLYK ÝOK

### 1. Keseden seretseň, ähli zat aňsat

Täze durmuş başlandy.
Dawut Çagry beg Merw şäherinde ornaşdy, Horasanyň galaba bölegini – Jeýhundan Nyşapura çenli aralygy özüne degişli etdi.
Musa ýabgu Heramy özüne ýurt tutundy, sebitdäki şäherleri, ýene näçe ýeri teshyr edip bilse, özüne almak barada seljuk begleri bilen ylalaşdy.
Çagry begiň uly ogly Gurt (Kawurt) Kerman sebitlerine patyşa boldy.
Ýurt bölünişigini gurnan Muhammet Togrul beg seljuk beglerini öz küýsän, saýlan sebitlerine gönderdi. Enebir dogany Ybraýym bütin ömrüni Togrul begiň ýanynda geçirjekdigini, ondan aýrylyp hiç ýerik gitjek däldigini tekrarlady, ýöne dört-bäş aýdan soň özüne ykta isleýändigini bege ýaňzytdy.
Togrul beg Ybraýyma Ebher hemem Zengan sebitlerini berdi. Ybraýym ol sebitlerini kabul edip alsa-da, tizden Togrulyň ýanyna dolandy:
– Dogan, meni öz ýanyňdan aýyrma. Bir aý senden aýry boldum welin, tas ýüregim agzymdan çykypdy. Allatagala her kimi bir maksat üçin dogurýar, meni Çagry ikiňize göz-gulak bolmak, hyzmatyňyzy etdirmek üçin ýaradan bolsun gerek. Onsoňam men diňe söweşde rahatlyk, lezzet tapýaryn, adaty durmuşda içim gysýar meniň.
Köşkde Ybraýymyň gelmegini unamadyk kişiler köp boldy:
– Allatagala al-ha-al-da almadyga ahyrýetde-de hiç zat berýän däldir. Beýle mümkinçilik adam ömründe örän seýrek bolýar. Köp kişi bir döwüm tötege mätäç. Saňa bolsa, Allatagala giden ýurdy hökümdarlyk etmegiň, ýaýnap ýaşamagyň üçin berip dur. Sen bolsa, Allatagalanyň, Togrul patyşanyň beren şol nygmatlaryndan ýüz öwürýärsiň. Allatagala seniň bu ýüz öwürmäňi halamaz. Murtar jezalandyrmagy-da mümkin...
Ybraýym telim ýola nygtalan bu sözlerden soň, ýene Zengana gidermen boldy, şu pikir bilen Togrul begiň ýanyna bardy.
Ybraýymy ynandyrmak aňsatdy. Şeýle bolansoň, ol bir pikire ygrarly däldi, üýtgäp durýardy. Togrul beg onuň şu häsiýetinden mydama howatyr edýärdi.
Togrul beg onuň pikirini oňlady:
– Ybraýym, byradarym, men saňa Abu Alyny wezir belläýin. Goý, ol saňa diwan işleriňi ýöretmäge ýardam bersin.
– Abu Alynymy? – Ybraýym birsalym dymdy.
– Näme, göwnemejek bolýarsyňmy? Men-ä ony saňa sowatlydygy hem işeňňirdigi üçin bermekçi bolýaryn. Ol seniň ähli işiňi eder.
– Dogry...
– Sen menden hiç zat gizleme. Isleseň, başga birini saýla.

– Göwnüm emir Dodurga Merwezini küýsedi.
– Goý, emir Dodurga Merwezi bolsun!
Ybraýym derrew başky pikirini üýtgetdi:
– Ýok, ýok, Togrul, sen Abu Aly diýdiň. Goý, seniň diýeniň bolsun. Sen bu babatda gowy oýlanansyň. Onsoňam sen olaryň ikisini-de menden gowy tanaýarsyň.
– Sen Abu Alyny näme üçin göwnemediň? Byradar, maňa ýüregiňdäkini açyk aýt.
– Togrul, meniň senden ýaşyryn zadym ýok. Men näme pikir etsem, ony hökman saňa aýdýaryn. Abu Aly barada-da aýdaýyn. Ol aşa sowatly. Men onuň akyl öwretmeginden gorkýaryn. Maňa akyl gerek däl. Onsoňam onda adamlara göwnüýetmezçilik bar. Ýanynda kimiň gürrüňi edilse: «Aý, olmy?» diýip içýakgynç ýylgyrýar. Men şuny halamaýaryn. Dodurga Merwezi sowatly bolsa-da, dymma. Bir zat soraýmasaň, aňsat-aňsat gürlemeýär. Akyl öwretjek bolup dyzamaýar. Hiç kimiň gürrüňini etjek bolmaýar. Men Abu Aly bilen düşünişip işlärin. Ol Horasana belet...

* * *

«**M**inarany ogurlamazdan burun, ony nirede gizlejekdigiň hakda oýlan» diýen pähim bar.
Togrul beg döwletini yglan etmezinden owal döwleti edara etmek barada köp oýlanypdy, ol samanlylaryň, gaznalylaryň döwleti edara edişlerini gaýtalaman, öz täze döwleti edara ediş ulgamyny döretmek isleýärdi. Geçen şalaryň ýoluny gaýtalamak, Togrulyň göwnüne, birki ýyldan olaryň gününe düşmek howpuny döredýärdi. Seljuklylar güýçli hasaplanylan gaznaly şalygyny ýeňdiler. Rast, elli müň atly goşunly şalyk on alty müň atly goşundan ýeňilýän bolsa, oňa näme üçin güýçli döwlet diýjek?!
Täze döwlet gurmak üçin edilmeli işler kändi, juda kändi.
Her kimiň etmeli işi anyklaşdyrylmaly.
Şalygy, elbetde, patyşa dolandyrmaly bolar. Oňa wezirler gerek.
Döwlete girdeji nireden gelmeli?! Ine, esasy zat.
Ýer-mülkden – haraçdan geler.
Ýerleri ykta[1] bermeli.
Yktany yktadara[2] muktada ýaşaýan daýhanlar bilen bilelikde bermeli. Yktadar öz daýhanlaryndan ýylda iki gezek haraç ýygnasyn. Döwlete salgyt tölesin, döwleti esger bilen, azyk bilen üpjün etsin.
Yktadar, goý, ýerlerini ülüşçilere – barzigarlara paýlasyn.
Ykta şahadatnamasyny diňe patyşa gowşursyn!
Diwany wezaraty[3], onuň gulluklaryny döretmek, işlerini ýola goýmak Togrul beg üçin hupbatly boldy. Birnäçe wezir wezipeleri döredildi. Wezirleriň etmeli işleri aýdyňlaşdyryldy.
Dogrusy, seljuk diwany, Horasany edara ediş diwany Daňdanakan söweşinden iki ýyl öň – Sarahs söweşinden soň döräpdi.
Şondan bäri dolandyryş edaralary işleýärdi.
Wezir ýurduň maliýe dolanyşygyny alyp barýardy, ýolbaşçy adamlary wezipä bellemäge-de, wezipeden aýyrmaga-da hukuklydy. Salar – goşunyň baş serkerdesi. Tugraýy – döwletiň möhürine eýelik edýär, patyşanyň, weziriň ygtyýar bermegi bilen resminamalara, permanlara möhür basýar. Amil – ýerli emeldar. Ol, esasan, ilatdan haraç ýygnaýar. Amiller ýygnan harajynyň bellibir bölegini etraplaryň edaralaryny saklamaga harç edip bilýärler. Welaýatlara şihneler ýolbaşçylyk etmeli, olara kazynyň hukugy berilýär. Şihneler, esasan, maldarçylyk bilen meşgullanýan welaýatlara bellenilmeli. Üstaduddar – hazynanyň girdejisinden, salgytlaryndan belli bir mukdaryny aşhanalara, köşkdäki işlere sarp edýän, aşhanany, köşk hojalygyny dolandyrýan adam. Mutassarif – etraplarda, welaýatlarda çykdajylaryň-girdejileriň hasabyny ýöredýän emeldar. Ýerlerdäki maliýe dolanyşygyny mutassarifler ýa-da mustaufi-hazynadar alyp barmaly. Ariz – goşunyň maliýe üpjünçiligini alyp barmaly. Kazy – şerigatyň kanunlary esasynda adalaty goramaly, günäkärleri, jenaýatçylary jezalandyrmaly. Muhtasyp – şäherlerde düzgün-tertibe gözegçilik etmeli, bazarlaryň tertip-düzgüni, ahlaklylygy muhtasybyň jogapkärçiliginde bolmaly. Raýis – ýerli kethuda: şäherleriň hem obalaryň ýolbaşçylary. Emir-i-haras – türmeleriň, jellatlaryň ýolbaşçysy. Jandar, mufrat, çawuş – patyşanyň janpenasy. Ahursalar – athananyň hojaýyny. Köwüşberdar – patyşanyň köwüşini göterýän, saklaýan kişi. Dabir – mürze, kätip. Atabegler – köşkde patyşanyň çagalaryna edep hem sowat öwretmeli mugallymlar, terbiýeçiler. Gulam – hakyna tutulan esger. Oglan – atly esger.
Her kimiň etmeli işi belli, şeýle-de bolsa işler şow tapyp gidibermeýärdi. Elbetde, ähli zadyň başlangyjy kyn. Togrul beg ýuwaş-ýuwaşdan ähli zadyň ýola düşjekdigine ynanýardy, her bir meseläni ünsden düşürmezlige çalyşýardy. Her bir ugruň kadaly işlemegi üçin diňe bir ýa iki hünärmen bilen maslahatlaşyp

oňman, telim hünärmen bilen maslahatlaşýardy. Ýönekeý görnen zat hem käteler begiň üç-dört gün wagtyny alýardy. Onuň ukusyny karam edýän gijeleri az bolmaýardy. Şol günler, şol gijeler beg hatyny Altynjanyň çydamlylygyna, ýatkeşligine, işine çulumlygyna haýranlar galypdy. Asyl Altynjan ýormak diýen zadyň nämedigini bilmeýän ýalydy. Biri çydamly bolsa, Togrul beg çydamlydy, ýöne Altynjanyň çydamlylygy begiňkiden rüstem geldi. Togrul beg uzynly gün işläp lüti çykyp golawrasa-da, Altynjan ýa-ha muny begden ýaşyrýardy ýa-da hakykatdan hem ýormaýardy, öjemeldi.

Ol haçan görseň, dynjyny alyp, ýaňy aýak üstüne galan ýalydy. Özem onuň gama batyp oturan pursadyna Togrul beg eger-eger gabat gelmeýärdi. Ol mydama göçgünlidi. Özem mydama gowy zatlaryň gürrüňini edýärdi, lapyňy keç etjek gürrüňlerden gaça durýardy. Asyl, onuň durmuşynda lapyny keç edýän zat ýok ýalydy.

Köşkdäki diwan işleri pars dilinde alnyp barlansoň, Togrul beg her bir diwanyň, her bir gullugyň işini, baglaşylýan şertnamalary, çykarylýan permanlary gözden geçirmegi Altynjana ynanýardy. Onuň oňlan permanlaryna Togrul beg tugrasyny basardy. Köşkde diwan işlerini pars dilinde ýöretmegi Tahyrylar hökümdarlygy başlapdy[4], şondan bärem dowam edip gelýärdi. Ýogsam köşk diwanyny türkmen dilinde ýöretjek bolup soltan Mahmyt Gaznaly-da köp yhlas edipdi, ýöne onuň bu islegi amal tapmandy. Togrul beg hem köşgüň diwan işleriniň türkmen dilinde alnyp barylmagyny isledi, talap etdi, ýöne bu iş başa barmady.

Döwlet işinde, köşkde kimler işlemeli?!

Oguz kowumyny ir ertirden giç agşama çenli bir jaýda – köşkde oturdyp bilmersiň. Bir otagda ertirden agşama çenli oturmak onuň üçin zyndandyr. Ol oturmaly bolsa atyň üstünde oturar, ýöne bir otagyň içinde uzak wagtlap dümtünip oturyp bilmez. Ýüregi agzyndan çykaýjak ýalydyr. Sebäp onuň asly nurdan – otdan, ot durmaýar, ot mydama hereketde. Oňa hereket gerek. Hereket gerek! Derlemek gerek! Oňa ýanmak, nur saçmak gerek. Onuň üçin rahatlykda rahatlyk ýok. Oguz kowumy diňe hereketde rahatlyk tapýar. Oguz kowumy diňe aldym-berdimli darkaşlarda rahatlyk tapýar.

Seljuk begleri oturmak islemeýän bolsa, onda köşkde kim oturmaly? Döwlet diwanyny kim ýöretmeli? Bir-iki adamyň aljak galasy ýok. Uly döwleti dolandyrmak üçin ýüzläp-ýüzläp hat-sowat bilýän adamlar gerek? Özüňde adam bolmasa, ýagdaýa görä çäre görmeli. Özem bu aýbyňy hiç kime bildirmeli däl. Başarsaň, kemçiligiňi ile geçirimliligiň, artykmaçlygyň, ynsanperwerligiň hökmünde görkezjek bolmaly. Iň gowusy, kemçiligiňi ýaşyrmak, ol hakda hiç zat gürlemezlik. Täze döwlet döretjek bolsaň, meseleler kemçilik, nogsanlyk hökmünde ýaz kömelegi deýin köpelip, ähli ýerden ýüze çykar durar eken. Şeýle-de bolsa, Togrul beg ruhdan düşmedi, goşuny, häkimligi öz eline aldy.

Ol her bir patyşa ýaly, öz döwletiniň diňe bir ýolbaşçysy, öňbaşçysy däl, eýse bu döwletiň bir şahsyýetde aňladylmasydy, ýagny onuň nyşanydy. Bu döwlet iş ýüzünde harby wezipeleri çözmek arkaly kemala gelen döwletdi. Indi hem bu harby-syýasy şalygy sap syýasy, aňyýet, ruhyýet hem medeniýet mazmuny bilen doldurmak gerekdi. Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin döwlet gurmagyň köpçülikleýin tebigy işi däl, eýse Togrul begiň aň-düşünjesi, maksat-niýetleri bilen baglanyşykly şahsy başlangyjy hem zerurdy. Togrul begiň syýasy akyldarlaryň döwlet barada pähim-parasatlaryny ürç edip öwrenmegi-de şunuň bilen baglanyşyklydy. Seljuk döwleti harby-syýasy jähetde bişişen, taýýar edilen, kemala gelen barlyk bolsa-da, döwlet gurluşynyň beýleki ugurlarynda ol tarp ýeri ýada salýardy. Tarpy özleşdirmek üçin sap harby gymmatlyklar bolan türkmen taryhy tejribesinden başga-da köp zatlar gerek boldy. Şonda seljuklar özge halklaryň syýasy tejribesine ýüzlendiler. Şeýdip, seljuk döwleti özüniň döwlet diwany, syýasy-edara ediş usullary boýunça pars syýasy medeniýetiniň gazananlaryny özüne siňdirdi. Ruhyýet, medeniýet, aňyýet ugurlarda bolsa ol arap-musulman, hatda grek syýasy pelsepesiniň düşünjelerini öz kemalyýetinde ulandy. Türkmen özeniniň daşyna özge halklaryň gazanan gymmatlyklary gatlaklanyp, bütin musulman dünýäsiniň gazananlary ulanylyp, dünýä derejesindäki täze bir döwlet kemala geldi. Ähli halklaryň bu beýik taryhy gurluşyga öz pikiri, tejribesi bilen gatnaşmaga mümkinçilik almagy agzybir, dostlukly bir döwleti kemala getirdi. Onda hemmeler özüni doly bahaly adamlar, döwletiň eýesi bolan adamlar hökmünde duýýardy. Seljuk türkmen döwletiniň adyllygy-da, rahatlygydyr amatlylygy-da, hiç kimiň munda özüni keseki duýmaýanlygy-da şonuň üçindir.

* * *

Halyfa ýeňişnama göndermek aňsat düşmedi. Göräýmäge, bu ýerde hiç hili müşgillik ýok ýaly: Samarkant, Merw kagyzy gerekmi, Çyn kagyzy gerekmi, baş üstüne, ähli görnüşinden bar. Arap dilinde ýazjak debir hem taýýar. Altyn syýa-da taýýar. Altynjanyň ýogy ýok, ol näçe gezek ýazmaly bolsa-da

ýüksünmän ýazyp otyr. Özem ol sünnäläp, biçak owadan ýazýar, ýöne bir adam bilen döwlet diwanyny ýöredip bolmaýar.

Bu ýerde göze görünmeýän kynçylyk bar. Çünki halypa ýazyljak fethnama täze döwletiň baş syýasaty bolmaly. Şol nama täze döwletiň syýasy ýüzüni kesgitlemeli.

Nama üç-dört gezek, ondan hem köp gezek ýazyldy.

Ahyryl-ahyr bir nusgada duruldy:

**«HALYPA, MÖMINLERIŇ EMIRI**
**KAÝYM BEMRYLLAHA**

**Biz, Seljukogullary – siziň gullaryňyzdyrys, mukaddes pygamberlik huzuryňyzyň we döwletiňiziň mydamalyk tarapdarydyrys we boýun egen türkmenlerdiris. Mydama gazawat söweşini alyp baryp, Käbä zyýarat ederdik. Biziň aramyzda halkyň hormatlap sarpa goýan Ysraýyl ibn Seljuk atly kethuda doganymyz bardy. Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin hiç hili günäsi bolmasa-da, ony tussag edip, Hindistandaky Kelejar galasyna iberdi. Ol ony bu ýerde ýedi ýyl bendilikde saklamaga höküm berdi. Netijede, ol bendilikde wagty aradan çykdy. Ýeminedöwle Mahmyt ibn Söbüktegin biziň garyndaşlarymyzdan we tarapdarlarymyzdan ýüz otuz adamy, bigünä bolsalar-da, galalarynda sakladylar. Masudyň goşuny üstümize çozdy. Aramyzda hüjümdir yza çekilmeler, ýeňiş we ýeňlişler boldy. Ahyrsoňy, bagt bize gülüp bakdy. Soňky gezek Masut leşger çekip, biziň üstümize çozanda, Taňrynyň ýardamy we pygamberimiziň arassa we mukaddes huzurynyň ykbaly bilen biz üstün çykdyk. Masut ýeňlip, köp zyýan çekip, döwletini bize tabşyrdy. Şeýle dana söz bar: «Taňra boýun egmedik hökümdar arzuwynyň gyltymyna kowalaşyp heläk bolar». Taňrynyň berenine we ýardamyna şükür edip, adalatly we ynsaply hereket etdik. Zulum we adalatsyzlyk ýolundan ýöremedik. Indi biz adalat hem ynsaplylyk esasynda külli musulmanlara howandar hem arkadag boljak döwletimiziň işiniň din ýoly bilen – halypanyň buýruklarynyň we görkezmeleriniň esasynda ýöredilmegini isleýäris. Ýene bir dana söz bar: «Hökümdarlygyny dinine hyzmat etdirene her bir soltan boýun eger, dinini hökümdarlygyna hyzmat etdireniň hökümdarlygyna ähli kişi göz diker»[5].**

Fethnamanyň soňunda Togrul ibn Mikaýylyň, Çagry ibn Mikaýylyň, Musa baýgu Kelan ibn Seljugyň atlary bardy.

Fethnama ynamdar adamdan – Abu Yshak el Fukkadan Bagdada ugradyldy.

* * *

**Halypa Kaýym Bemryllah seljuk beglerini gutlap, ýörite sowgat iberdi**[6].

Halypa sowgadynyň sanawy:

*1. Togrul beg, Çagry beg, Musa beg üçin üç sany ýörite teşrip (halat). Bu halatlaryň gyralary ownujak göwher daşlary bilen jä-heklenendi.*

*2. Her biri üç jübütden ybarat bolan iki sany sowgat. Birinji sowgat: ak ýüpek matadan tikilen köýnek-balak; peş, omuz gaýyşy, gymmatbahaly daşlar bilen bezelen hindi gaýyşy, ädik. Ikinji sowgat: geýim, telpek, agarçäkmen, gymmatbahaly daşlar bilen bezelen kemer, gymmatbaha daşlar bilen bezelen, ýüzünde aždarhanyň şekili çekilen «garaçury» diýlen altyn gylyç.*

*3. Sahaby altyn bilen haşamlanan üç sany Gurhany kerim.*

*4. Asly bambuk agajyndan ýasalyp, altyn bilen haşamlanan üç sany şalyk hasasy.*

*5. Bir altyn jyga.*

*6. Bir altyn jyza.*

*7. Ýüzi gymmatbaha daşlar bilen bezelen galkan, ýüzünde kyrk sany ýakut we ortasynda uly gymmatbahaly daş bar.*

*8. Üç saý at. Bu saý arap atlarynyň esbaplary sap altyndan. Atlaryň toýnaklaryna ýüz dinar bahaly halkalar nallanylyp berildi.*

*9. Iki totuguş.*

*10. Otuz arap aty. Bu atlaryň üstünde gorag örtgüleri we rum keçeleri bardy. Her bir atyň boýnuna dakylan ýüpek jylawda altmyş sany halypalyk dinary bardy. Bu atlar bilen birlikde otuz sany seýis hem berilýärdi.*

*11. On hindi pişigi.*

*12. On elguş. Elguşlaryň başlyklary gymmatbahaly daşlardan nagyşlanyp bezelen.*

*13. Otuz top ak reňkli ýüpek mata, otuz top atlaz mata.*

*14. Bir halypa tugy.*

*15. Gotazlary gymmatbahaly daşlar bilen bezelen tagtyrowan (Dört tarapyndan göterilip äkidilýän tagt).*

*16. Patyşanyň hatyny üçin zerugeýimleri.*

*17. Patyşa hatyny üçin göwher gaşly altyn jyga..*

Halypanyň iberen ýörite ilçisi getiren zatlaryny Seljuk beglerine ýeke-ýekeden dabara bilen görkezýärdi.

* * *

**«1044-nji ýylda Abu Kalyjar Bagdada girdi. Halypa Kaýym Bemryllah ony garşylamaga çykmady. Abu Kalyjar patyşalyk howlusynda düşledi we Jelaleddöwläniň aýalyny, çagasyny we goşgolamlaryny ol ýerden çykardy. Bäş rakat namaz wagty gapysynyň agzynda zaň kakdyrdy. Oňa öňki adat bolşy ýaly, diňe üç wagt namazda zaň kakdyrmagy, zaň kakylyş dowamlylygyny gysgaltmagy towakga edip ilçi iberildi. Abu Kalyjar welin, Halypanyň ilçisiniň töwellasyny diňlemedi, bäş wagtyna zaň kakdyrmagyny dowam etdirdi»[7].**

* * *

Iki hili söweş bolýar: göze görünýän – daşky hem göze görünmeýän – içki söweş. Göze görünýän daşky söweş: goşun jemläp: «Ýa Biribar, özüňden medet!» diýip, ýagynyň üstüne dökülmek hem ýeňmek. Bu ýerde söweş nagt. Güýçlümiň, bolany, ýeňiş seniňki, ýöne ikinji, göze görünmeýän – içki söweşde nagt zat ýok, gara güýjüň aljak galasy-da ýok. Bu söweşde gaty hüşgärlik gerek, ýiti pähim-parasat, ugurtapyjylyk gerek.

Togrul beg bu söweşleriň ikinjisinde – pähim söweşinde ät galmazlyk, musulman halklarynyň göwünlerini awlamak, olaryň pikir-düşünjelerine doly düşünmek üçin yslamyň döreýiş taryhyny, Muhammet alaýhyssalamy, pygamberleri, mezhepleri, kelam ylmyny[8], hululylary[9], azanyň soňundan goşulan: «Haýyr işleri etmägi howlugyň!» diýen sözüň[10] aňyrsynda ýatan hikmeti jikme-jik öwrendi. Aristunyň «Tasawwuratyny»[11], Eflatunyň «Döwletini», Farabynyň «El-Medine el-fazylasyny» ulamalaryň teswirli okamagynda diňledi. Yslamyň gysyp çykaran gadymy buddaýy, brahmany, mitraýy, zertoşty dinlerini-de öwrendi.

Yslam näme üçin sünni, şaýy, howaryj mezheplerine bölündi?! Näme üçin fykh buýruklarynyň amalynda agzalalyklar bar?! Näme üçin fykh birnäçe mezheplere bölünipdir?!

Seljuk döwletiniň döremegi bilen Horasanda Gurhana hem hadysa esaslanýan mäliki we hanafiýa mezhepleri ýörgünlidi. Bu iki mezhebiň aralygynda durýan şafygy mezhebi Horasanyň käbir şäherlerinde kabul edildi. Ol köplenç aşgary usulynda medreselerde okadylýardy. Aşgary mezhebi Abu Musa Aşgarynyň (878-935 ý.) nesli bolan Abul Hüseýin Aly bin Ysmaýyl tarapyndan X asyrda ýüze çykypdy. Ol belli bir döwür içinde mugtazylalylardan bölünip, öz aşgary tarykatyny döredipdi we mugtazylanyň duşmany hökmünde özüni tanadypdy. Aşgarylar müjebbire[12] we kadaryýe[13] ynançlarynyň arasynda şöhratlanmak isleýärdiler. Olar: «Bende işi kesp edijidir. Allatagala bolsa işi ýerine ýetirijidir. Çünki Hudaý mälikdir, her bir zat etse-de, ol zulumdan uzakdadyr» diýen pikiri öňe sürýärdiler.

Her hili garaýyşlar, toparlar döreýärdi. Her bir ulama öz pikirini ykrar etdirmek, taglymatyny medreselerde sapak hökmünde girizmek isleýärdi. Mezhepleriň, garaýyşlaryň aşa köpligi – adamlaryň dini ynanjyny berkitmän, gaýtam, gowşadýardy. Togrul beg dini garaýşyň birligini, bitewüligini gazanmak üçin her bir mezhebi düýpli öwrenmeli boldy, şonda musulman dünýäsinde munapyklaryň[14] köpdügine-de göz ýetirdi. Bekdaş bilen Dürnazara olara garşy berk göreşmegi tabşyrdy.

Mugtazyla mezhebi[15] karmaty we ysmaýyly atlary bilen medreselerde öz hökmürowanlygyny gazanypdy. Ýöne mezhepler öz aralarynda oňuşmaýardylar, biri-birine kapyrlyk günäsini ýöňkäp, biri-birini metdi-masgara etmäge, şeýdip biri-birinden rüstem gelmäge çytraşýardylar.

Mugtazylalylaryň we mütekellimleriň[16] garşydaşy bolan fykhlar we aşgarylar topary öňe saýlanyp ugradylar, olar hanafy, mäliki, şafygy, hanbaly mezheplerinden özge mezhepleri küpür, zyndyk diýip yglan etdiler, olary ýok etmäge çagyrdylar. Zyndyklar aslynda maddy pikire uýup, sygynyp, dinlere, ylahy kitaplara, pygamberlere müňkür bolýardylar.

Hanafylar, esasan, mugtazylalylara eýerdiler. Bu mezhep ylymdyr pelsepeden rüstem geldi. Ulamalar öz ylymlaryny din bilen baglanyşdyrmaga mejburdylar.

Mütekellimler Hudaýyň barlygyny, ýeke-täkligini tekrarlap: «Ähli zatlarda Haktagalanyň yhlasy akyp dur» diýýärdiler. Sopular hem edil mütekellimleriň şu pikirine sygynýardylar: «Ähli zatlarda Haktagalanyň barlygy akyp dur».

Sopular «hakykata» ýetmek üçin şerigat basgançaklaryndan tarykat basgançaklaryna geçýärdiler, özem olar baýlygy, maddy gymmatlygy inkär edýärdiler, mazlumlary goldaýardylar, baýlary ýigrenýärdiler, näletleýärdiler, baýlara ähli zatlaryny garyplara paýlap, garyp ýaşamagy wagyz edýärdiler.

Sopuçylyk birinji şerigat basgançagynda başlangyjy şerden hem umytdan başlan bolsa, ikinji tarykat basgançagynda adamlary toba etmäge, terkidünýälige, ýoksullyga, sabyrlylyga çagyrdylar. Üçünji hakykat basgançagynda bolsa sopular dünýewi we şerigat buýruklaryny ýerine ýetirmekden boşadylýardy, sebäbi şerigat we sopuçylyk mukaddes hasaplanýardy…

## 2. Reýde geçen ikinji toý

Reý şäheri, Reý dagynyň gerişleri, owadan-owadan ymaratlar Altynjana biçak ýarady. Haremhanadaky göz-göz otaglar, hyzmat edýän gelin-gyzlar welin, onuň birbada sustuny basdy.

Bu ýerde toýa taýýarlyk görülýärdi.

Toýa bir aý öňünden gelýärdiler.

Toý Mawlid an Nabiniň doglan güni – rabi al-awwalda[17] başlanmalydy. Gelýänleriň ählisini ýatyp-turar ýaly ýatakhanaly etmek, olaryň owkatyna esewan bolmak üçin ýigrimi müň adam hyzmata durdy.

Çyn-Maçyndan, Wizantiýadan, Kawkazdan gelen myhmanlaryň sowgatlary Altynjany haýrana goýupdy.

Muhammet Togrul begiň aýdyşy ýaly boldy: patyşanyň tagtynyň çep gapdalyndan Altynjan üçin ýörite kaşaň tagt goýuldy.

Muhammet alaýhyssalamyň dünýä inen güni toý başlandy.

Gelýän myhmanlaryň yzy üzülenokdy, olar çatynjalara – Togrul beg bilen Altynjana tagzym edip geçip durdylar.

Her gelen öz sowgatlaryny görkezýärdi, gowşurýardy.

Her şalyk, her beglik özüniň rakysçylaryny, aýdymçylaryny hem ugradypdy.

Daşary ýurtlaryň köp şasy öz wekillerini ugradypdyr. Hytaý, rum, rawwat, salar-musafir, bawan, zaýýr, şaddat, buid, kaku, saffar şalyklaryndan wekiller geldiler.

Gelenleriň arasynda Beýik Kiýew Rusundan gelen wekiliň Ýaroslaw Mudrynyň[18] adyndan aýdan ýakymly gutlag sözleri, gowşuran sütükli possunlary Altynjanda hasam ýakymly täsir galdyrdy.

Uzaga çekse, toýam ýadatjak eken.

Toý kyrk gije-gündizläp dowam etdi.

Uzaga çeken şagalaň-zyýapatyň ýadawlygy gara zähmetiň ýadawlygyndan çökder boljak eken.

Soňky günler-ä toý geçmejek, gutarmajak ýaly bolup duýuldy.

Ýöne kyrk gije-gündize çeken toý-şagalaň diňe bir Altynjany ýa Togrul begi däl, ahyryl-ahyr seljuk beglerinem ýadatdy, usurgatdy.

Muhammet Togrul beg ýol küýsedi.

Darkaş küýsedi.

Kyrk gije-gündiziň içinde çözülmeli meselelerem ep-esli ýygnandy.

* * *

**T**ogrul beg Altynjana beren talagyndan soň oňa ikinji gezek öýlenmeli boldy. Köne türkmen adatynyň talaby şeýledi. Adat bu meselede göräýmäge şerigat bilen deň gelýän ýaly hem bolsa, daşdan seredýäniň gözüne ilmeýän ownuk tapawutlar bardy. Şerigat aýala talak berlenden soň, öňki är-aýalyň ýene birleşmegine göni ýol bermeýär, aralykda öňki aýalyň, ilki bilen, başga biri bilen nikadan geçmegini, diňe şondan soň ozalky är-aýalyň täzeden birleşmegini talap edýär. Türkmen adaty bolsa beýle zatlary artykmaç

hasaplap, ol şerti aradan aýyrýar we gönüden-göni täze nika rugsat berýär. Togrul beg, hemişe edişi ýaly, ýene türkmen adatyna eýerdi.

Ol ikisine gaýtadan nika gyýdylar. Ikisiniň bagtyna göz dikäýjek ýaramaz päl-niýetleri gyýyp taşlamak manysynda, nika gyýylýarka, gaýçy işletdiler. Göze görünmeýän belalary göz görnüp duran gaýçy bilen gyýyp taşlanylmagy Togrul begiň gözüne hem geň-taň bolup, hem juda manyly bolup göründi. Ol baş salynýarka, garry mamanyň ýom okaýşyny ilkinji gezek görýän ýaly geň galmak hem gyzyklanmak bile syn etdi.

Ak, gök geýdirme,
Arpa çörek iýdirme,
Toýnakla depdirme,
Agyzla gapdyrma…

Ak hem gök reňkleriň ýas eşiginiň reňkidigini ol oňat bilýärdi. Garry mama ikisine uzak ömür arzuwlaýardy. Şu günki nika bolsa täzeden başlanýan ömrüň täze binýadydy. Nika Togrul begiň şahsy ömrüniň binýady, täze döwlet bolsa onuň taryhy ömrüniň binýadydy, şol sebäpden ol taryhy ömrüni şahsy ömründen ilerde goýup, toý etmek işini uzaga çekdiripdi. Bu gün ol adam hökmünde Altynjan bilen nikalaşan bolsa, patyşa hökmünde täze bir döwlet bile nikalaşypdy. Onsoň garry mamanyň ýokarky pentleri onuň gulagyna külli türkmeniň öňündäki borçlarynyň kesgitlenmesi bolup eşidildi.

Alla bendesini ýalkajak bolsa, oňa mynasyp ýar berýär. Alla patyşanyň işini oňuna etjek bolsa, oňa dogumly hemem pähim-parasatly nedim berýär. Togrul beg ynsan hökmünde-de, patyşa hökmünde-de ýalkanypdyr. Döwletli ojagyň aýaly, ilkinji nobatda, ýanýoldaşynyň syrdaşydyr. Adalatly patyşanyň nedimide onuň syrdaşydyr. Maşgalany-da, döwleti-de saklaýan güýç syrdaşlykdyr.

Syrdaşlyk – ikiniň birligi, bu birligiň bozulmazlygy üçin ruhy ýakynlyk gerek. Togrul begiň bagtlylygy öz nedimi bilen diňe bir ruhy däl, eýse tebigy birligiň oňa Alla tarapyn miýesser edenligindedir. Iki göwrede bir jan, iki göwrede bir paýhas bolmak Togrul begiň geljeginiň ýagty umydynyň binýady boldy.

Ikinji gezek nika gyýlansoň Togrul beg Altynjan bilen tas ýedi ýylyň aýraçylygyndan soň gowşan aşykmagşuk ýalydy, öz köşk aladasyndan sähel sypyndygy Altynjanyň ýanyna gelerdi. Onuň aýagyna kellesini goýup, süýnüp ýatardy. Altynjan bolsa öňünde ýatan begiň murtuny sypardy, diňe bir murtundan däl, onuň ýüzünden, kellesinden sypardy, käte murtundaky ak gyllary ýolup bererdi.

Altynjanyň aýaklary gurşar giderdi.

Onuň sypawlary Togrul begi gyjyndyrardy: ol dünýäni unudyp, köwende, aýşy-eşretde bolardy. Göwni joşa gelerdi. Beg etmek isleýän zatlaryny Altynjana joşup-joşup gürrüň bererdi:

– Seljuklar Horasanyň, Ajamyň, Yragyň – Günbataryň din gylyjy bolmaly, köp-köp sogap gazanmaly. Dine duwlanyp, diňe baýlyk ýygnaýan hannaslaryň depesinden Ezraýyl bolup inmeli.

– Bagdady Büweýh soltany al-Mälik ar-Rahym Husrau Firuzyň elinden almaly.

– Jibal sebitini soltan Masut Gaznalydan almaly.

– Kaku şalygyny syndyrmaly, soltan Abu Kalyjary dyza çökermeli.

– Külli Turan Togrul patyşanyň elinde bolmaly.

– Ähli musulman şalyklary Togrul patyşaga tabyn bolmaly.

Togrul patyşanyň baş maksady külli musulman ymmatyna baş bolmakdy, halyfyň hem öz garamagynda bolmagydy.

Ol Haktagalanyň özüni bu maksadyna ýetirjekdigine ynanýardy. Bäş rakat namazyny, nähili çykgynsyz ýagdaý bolanda-da, sypdyrman okaýardy.

* * *

**At ç**apyşygy geçirildi. Oňa, adatça, Altynjan-da gatnaşdy.

Aralyk iki milden-de gowrakdy, atgaýtarym uzaklykdy.

At çapyşygy her anna güni geçirilýärdi. Çapyşyga her gezek Abu Zurga Hannaky eminlik edýärdi.

Altynjanyň bedewi biçak ýyndamdy, owadandy, çapyşyklarda köplenç birinji bolup gelýärdi.

Altynjanyň bedewini Togrul bege Dehistanda sowgat beripdiler, beg hem ol bedewi Altynjana beripdi.

Altynjan bu bedewi-de Akgar diýip atlandyrypdy.

Emir Mübärek bilen Hapban Endikäni Altynjanyň çapyşyga goşulmagyny islemeýärdiler, ýöne dymýardylar. Çapyşykda Altynjandan öňe geçjek bolup gaty yhlas etdiler. Barybir, Altynjanyň aty ähli atdan saýlandy.

Emir Mübärek ikinji, Ybraýym ynal üçünji bolup pellehana geldi.

– Altynjan melike birinji geldi! Melikämiziň aty çykdy! – diýip, emin Abu Zurga Hannaky begenjine zol-zol gygyrýardy.

Togrul beg bu gün çapyşyga beýik bir depäniň üstünden tomaşa etdi.

* * *

**Tog**rul beg bilen Altynjanyň dergähine Anuşirwan geldi. Ol ýeke däldi, yzynda başyna bürenjek atylan bir gelin hem Abu Zurga Hannaky bardy.

Anuşirwan Togrul bege ýüzlendi:

– Geldiler, begim!

– Pah, pah, bolaýypdyr! Berekella! – Togrul beg tagtyndan turup, Anuşirwany gutlady, oňa bagtyýarlyk diledi, soňam Altynjana ýüzlendi: – Altynjan, sen nä otyrsyň? Gelni kabul et!

– O nähili gelin?! – diýip, Altynjan ör-gökden geldi.

– Altynjan peri, biz saňa üýtgeşik hedýe etmek isledik, seni birden begendirmek isledik – diýip, Togrul beg Anuşirwanyň ýanyndaky gelni görkezdi.

– Anuşirwanyň tabşyrygy bilen men bir kerwene baş bolup, merhemetli Altynjan melike, size Horezminden, Buruntak diýen obadan bir peri-peýker gyzy gelinlik getirdim – diýip, Abu Zurga Hannaky ýyrş-ýyrş etdi.

Altynjan esli salym böwrüne diň salyp durdy, megerem, nämäniň nämedigine düşünen bolarly, Anuşirwanyň ýüzüne gazaply seretdi, gahardan ýaňa çala saňňyldady. Soňam:

– Gözüme görünme! – diýip, Hannakynyň üstüne gygyrdy.

Sagbolsun hantama Hannaky boz-ýaz bolup yza çekildi.

– Mähriban walydam!.. – diýip, Anuşirwan ýylgyrjaklady.

– Bu näme etdigiň?

– Men bütin ömrümi müjerret geçirmeli däldirin-ä! Halan gyzyma öýlenmegime garşy çykyp durmarsyňyz-a, walydam!

– Sen durmuşa gaty ýüzleý çemeleşýärsiň, gaty ýüzleý. Kelläňe näme gelse, edip goýberýärsiň, soňy hakda oýlanmaýarsyň… – Altynjan hyrçyny dişledi.

– Sen maňa ýalan sözläpsiň – diýip, Togrul beg Anuşirwana nägilelik bildirdi. – Sen: «Walydam begener» diýip, meni ynandyrdyň.

– Meni begendirdiňiz, gaty begendirdiňiz. – Altynjanyň bu sözi ynandyryjylykly eşidilmedi, sowuk eşidildi.

Togrul beg hatynynyň içki harasadyna düşündi, ýöne düşünmedikden boldy:

– Onda toý edeliň!

– Dogry aýdýarsyňyz, begim, toý edeliň!

– Pederlerimiz her süňňüne bir hatyn – jemi on iki hatyn alypdyrlar. Yslam bolsa: «Dört hatyndan artyk almaly däl» diýýär. Bir döwür gelip: «Bir hatyndan artyk almaly däl» diýmekleri-de mümkin – diýip, emir Peýkam şelaýyn ýylgyrdy, ýöne hiç kim onuň pikirini oňlamady.

Altynjan welin, ony ýigrendi. «Gör, nähili nejis adam. Ol bu sözleri bilen bege gyjalat berýär, onuň birki aýal almagyny isleýär» diýip, içini gepletdi.

Altynjan hatyn Bekdaşa özüni bege ýamanlanyň Peýkamdygyny, şonuň sözüne ynanyp begiň gahar-gazap atyna atlanandygyny, özüni urandygyny hemem çagasynyň düşmegine sebäp bolandygyny aýdypdy, şonda Bekdaş gynanmak-gynanypdy, göwünlik beripdi.

Altynjanyň, barybir, Peýkama bolan ýigrenji, gahary kiparlanokdy.

Toý başlandy.

* * *

**Sadylla Altynjana al-Kuşaýrynyň medresesinde işe durmak isleýändigi üçin bir aýlap hiç ýere çykman şafy-aşgary tarykatyny öwre**ndi, ibn Furagyň, al-Isfarаininiň, Abu Aly al-Dakkakyň, al-Aşarynyň kitaplaryny – ýedi makamyny[19] ürç edip okady. Şondan soň sähetli gün Altynjan bilen ýola şaýlandy.

Al-Kuşaýry huzuryna Sadyllanyň Altynjan bilen gelmegini halamady. Pir bu pikirini ýaşyrjagam bolup durmady.

– Näme üçin hatyn bilen geldiň?

– Altynjan – Togrul begiň hatyny. Ol siziň bilen tanyşmak, söhbediňizi diňlemek isledi.

– Men hatynlar bilen tanyşmaýaryn. Men seniň bilen söhbet gurup biljek däl.

Bu sözi eşitmek Altynjana agyr degdi. Onuň üstesine Sadylla-da oňa azgyryldy:

– Sen meni işsiz goýduň! Men onuň ýedi makamyny bir aýlap, yhlas edip öwrendim, ýat tutdum. Bary köýdi!..

– Sen işsiz galmarsyň. Nyşapurda medrese bir däl, ýedi. Ýör, häzir ymam Muwaffak an-Nyşapurlynyň dergähine baraly. Ol seni öz medresesine muderris edip işe alar. Hajyp as-bab Kundury hem ymam Muwaffak an-Nyşapurynyň şägirdi. Abu Seýit Abylhaýyr oňa gaty uly baha berdi.

– Kabul etse, men onuň medresesinde müderris bolup işlemäge taýýar.

* * *

**Ym**am Muwaffak an-Nyşapury olary güleryüz bilen garşy aldy, Sadyllany işe kabul etdi.

Altynjan ýolda Sadyllaga ýüzlendi:

– Damulla, ömrüňde işiňi bitirmän, öýüňe boş baran gezegiň boldumy?

Sadylla uýasynyň bu degişme sözüne hezil edip güldi:

– Ýanymda sen barkaň, heý-de, işim bitmezmi meniň?

– Onda nä başda meni ýanyň bilen alyp gitmejek bolduň?

– Bilgeşleýin aýtdym men ony. Eger galan bolsaň, onda hökman: «Ýör, bileje gideli» diýip ýalbarardym.

– Şu sözüň ýalandygyny bilsemem, şeýle bir yşanasym gelýär.

– Iň gowy hakykat – içine ýalan goşulyp, görke getirilen hakykatdyr.

– Bu kimiň pähimi?

– Bumy? Bu pähimi aýdan ulama Sadylla ibn Abdylmälik ibn Bugrajyk ibn Abdal diýýärler.

## On dördünji hekaýat

## TÖWEKGELIŇ ATY ÝYNDAM

Bezirgenler döwrüň iň baý adamlary hasaplanýar. Çünki olar töwekgelligi ýaran edinen adamlar. Olaryň her bir güni töwekgellik. Üstlerine haýsy depäniň aňyrsyndan alamanlaryň çozjagy belli däl, jany mydama üzüläýjek-üzüläýjek bolup duran gylyň üstünde. Ertirine ynamlary berk däl. Olar işsiz-ä oturyp bilenoklar, baýlygyň albaýy öýlerinde rahat oturdanok olary. Şeýle bolansoň, baýlyk gazanmagyň hatyrasyna gara başlaryny töwekgellige salyp, uzak-uzak şäherlere argyşa ugraýarlar. Töwekgeliň aty ýyndam.

Togrul beg Ajama patyşa bolansoň, ýaşy bir çene baranlar ýa janyny töwekgellige salmakdan gorkup bezirgençilik pişesini goýanlar täzeden ýola çykdylar. Sebäp Togrul begiň döwleti ähli bezirgenleri öz ganatynyň aşagyna jemläp, olara howandarlyk etmäge başlady. Ähli söwdagärler, bezirgenler iki ýyllyk salgytdan boşadylypdy. Köpleriň niýeti salgydyň ýatyrylan iki ýylynda lomaý gazanç etmekdi. Hana, haýsy ýola çyksaň, kerwenleriň yzy üzülenokdy. Hökümet garaňky gijelerde kerwenlere ýol ýöremegi gadagan edýärdi, ýogsam olar gijelerine-de ýatman ýol aşmakçydy.

Reý şäherinden Horasana gidýän ýoluň sag tarapyndaky Taberek dagyny etekläp oturan Taberek galasynyň derwezesiniň öňi – galada bary-ýogy ýeke derweze bar – çökerilen, ýüki düşürilen düýelerden doly. Bezirgenler, dellallar, alyjylar gaý-da-gaýmalak.

Bu ýerde Reý şäherinde satmak üçin haryt getiren bezirgenleriň, söwdagärleriň kimlerdigi, harydyň mukdary hasaba alynýardy.

Şäherde lomaý söwda edýän söwdagärler bardy. Olar bezirgenlerden getiren harytlaryny ylalaşan bahalary boýunça lomaý alýardylar.

Taberek galasy durşuna kerwensaraýdy. Bu ýerde bezirgenleriň dynç almaklary, söwda etmekleri üçin ähli şertler bardy, özem bu ýerde dünýäniň köp ýerlerinden bezirgenlere, söwdagärlere duşmak bolýardy.

Ýöne gala girmek üçin muhtasybyň[1] resminamasyny doldurmak köp wagtyňy alýardy. Seniň kimdigiň baradaky anyk maglumatlary alýançalar, getiren zatlaryňy gözden geçirýänçäler galanyň içine goýbermeýärdiler.

Galanyň derwezesiniň öňünde ýigrimi-otuz töweregi sakçy durdy. Olar gelenleri muhtasybyň razylygy bilen galanyň içine goýberýärdiler.

* * *

**G**ünortanlar galanyň derwezesiniň öňüne gelip, giden örküç-örküç depe bolup duran düýeleri, ýükleri esli salym synlan iki atlyny sakçylar uly haýbat bilen atlaryndan düşürdiler.

Saklanan iki kişi ýaşlary durugşan är-aýaldy. Olar gawşfinjli Gökhun bin Harur bin Aksungar hem onuň hatyny Kalbynady. Olardan näme üçin bu ýerik gelendikleri soraldy:

– Biz iş gözläp, Reý şäherine barýarys, ýöne şähere barmazdan burun siziň galaňyzda ýürekselik edinäýsek diýdik.

Döşüni ýapyp duran sakgally, ýüzi repide deýin tegelek sakçy Gökhuna asla garaşmadyk sowalyny berdi.

– Siz atabeglik edip bilermisiňiz?

Gökhun sakçynyň sowalyna başdansowma jogap berdi:

– Edip bileris.

– Hatynyňyz öz dilinden – pars dilinden başga dil bilýärmi?

– Hatynymmy?.. Ýunan dilini bilýär.

– Iki dil bilýär eken, örän gowy.

– Diňe iki dil däl, arap dilinem bilýär. Oguz dilinem bilýär.

Sakçy bu sözleri eşidip çaga deýin begendi:

– Ýörüň, häzir muhtasybyň ýanyna baralyň.

– Ogul, biz iş sorap gelmedik, naharlanmak üçin geldik.

– Ilki muhtasybyň ýanyna baryň.

– Bir döwüm tötek iýmek üçinem muhtasyba ýüz tutmalymy?

– Muhtasyba aýtman bir döwüm tötek iýilýän ýere-de men sizi eltip bilerin – diýip, sakçy hyjyl tartdy.

– Şeýt, goçgar, şeýt!

– Bolýar, elteýin, ol ýerde Alauddauläniň agtygy al Mälik ar-Rahym razdan tapman otyr.

– Bize tapawudy ýok.

– Eý, goja, tapawutly tarapy bar onuň. Size öňünden aýdaýyn. Meniň ol diýýän ýerimden – zyndandan bir salanlaryndan soň, aňsat-aňsat yzyna çykaranoklar.

– Şeýlemi asyl? Alla ýalkasyn, dili senaly goçgar, bize o ýagşylygyň gerek däl. Biz muhtasyp bilen düşünişeris. – Gökhun sakçynyň yzyna düşüp barşyna ýene sowal berdi: – Goçgar, mesele çözüşiň-ä nagt eken. Ýene bir zat soramakçy bolýaryn men. Sen bu ýerde köp wagt bäri işleýäňmi?

– Onuň size näme geregi bar?

– Üýtgeşik bir geregi-hä ýok, men bu ýere Alauddauläniň häkimlik eden döwrem, Gyzylyň häkimlik eden döwrem gelip gördüm, ýöne olar döwründe beýle köp täjiriň gelenini görmändim. Onsoňam öň naharlanmak üçin muhtasypdan rugsat almaly diýýän adam ýokdy.

– Eý, goja, düşün, öň beýle köp kerwen bir aýyň dowamynda gelýärdi. Indi bolsa, her gün on-on bäş kerwen gelýär. Bir adam resminama ýazyp ýetişip bilenok.

– Resminamalary, goý, üç-dört adam doldursyn.

– Haý, pählewan goja, göwräň uly bolsa-da, mäşirigiň köp zatlardan bihabar, şonda-da akyl berýärsiň. Men sizi, iň gowusy, zyndanymyza äkideýin. Şol ýerde oturanlar kileň akyl berilmegini küýsäp oturan kemakyl bendeler. Siz akylyňyzy şolara beriň.

– Şolara berjek akylymyň muhtasyba peýdasy degmez.

– Muhtasyp siziň akylyňyza mätäç däl.

Gökhun sakçynyň egninden çekdi:

– Eý, akyldan doýgun goçgar! Bir dem aýak çek!

– Akyl bermekçimi?

– Aý, ýok, maslahatam, akylam sende ýetik eken. Şonuň üçin, alsaň, men saňa akyl däl-de, ýigrimi dirhem bereýin. Soňam göni Reýe gideýin. Başdaky niýetimiz bu ýerde owkat edinmekdi. Biziň, näme üçindir, işdämiz bütinleý tutuldy, hiç zat iýesimiz gelenok indi. Muhtasypdan tötek iýmäge rugsat alyp,

soňundan hiç zat iýmesek, gowy bolmaz. Görýärin welin, muhtasybyň aladasy ýetik, bir döwüm tötek üçin oňa elem bolman, iň gowusy, biz gidibereli.

– Ýok, ýok, siz bize elem däl, siz bize engam. Ýörüň, ýörüň! Siziň bilen muhtasybymyzyň möhüm gürrüňi bar.

– O nähili möhüm gürrüň?

– Ýanyna baranyňyzda özi aýdar.

– Alauddaule döwründe-hä beýle däldi…

– Adyny tutmaň onuň! Deýlemlilerden döwranyň geçdigi bolsun, ylaýym, ýörüň. Indi döwran seljukly türkmenleriňki.

– Özüň-ä bir pazylatly goçgar ekeniň, ýöne öz peýdaňy bilmeýän ekeniň. Men saňa päkize ýigrimi dirhem berjek bolup durun.

Sakçy är-aýaly muhtasybyň kabulhanasyna eltdi.

Muhtasybyň kabulhanasy derwezeden onçakly uzakda däl eken. Derwezäniň ýüz-ýüz ýigrimi zirag günbatarynda ýerleşen bir uzyn otagly jaýdy. Kabulhanada muhtasybyň dergähine girmek üçin on-on bäş bezirgen garaşyp otyrdy. Olaryň içinde peşlerini ýassyk edinip ýatanlaram, aýbogdaşyny gurap oturanlaram, özara gürleşip duranlaram bardy. Ýatanlardan gürleşýänler köpdi. Bezirgenler ikibir, üçbir bolup, öz dillerinde gürleşýärdiler. Olaryň arasynda türkmençe, parsça gürleşýänlerem, ýunança, darice, hindiçe gürleşýänlerem bardy. Gökhun goja hatyny bilen içeri girende bezirgenler olara bir göz aýladylar-da, ýene öz gürrüňlerine gümra boldular. Sakçy içerdäki sakçynyň gulagyna pyşyrdap, Gökhun goja hakda bir zatlar aýtdy-da, çykyp gitdi.

Gökhun goja türkmençe gürleşýän iki sany täjiriň ýanyna baryp saklandy. Täjirler oňa o diýen üns bermän, söhbetlerini dowam etdiler. Mapraç täjir soltan Masut döwründe Hyrat bilen Nyşapurda bir man bugdaýyň on iki dirheme ýetendigini, açlyk zerarly köp adamyň ölendigini ýatlaýardy. Beýleki hortap täjir Togrul patyşanyň Jibal, esasan hem, öz tabynlygyndaky ýerlerinde haraç salgydyny iki ýyllyk ýatyrandygy, şondan soň ilatyň ýaşaýşynyň ganymatlaşyp ugrandygy, häzirki günlerde bir dirheme ýedi man bugdaý satyn alyp bolýandygy, köp şähere aýlanandygy, baran ýerlerinde bazarlaryň nyrhy bilen tanşandygy barada aýtdy.

– Siz ýüpek mata getirdiňizmi? – diýip, hortap täjir Gökhuna ýüzlendi.

– Biz täjir däl, biz hiç zat getiremzok.

– Onda muhtasybyň ýanyna girmek nämä gerek?!

– Men näbileýin?! Men bu ýere öň Alauddaule döwründe gelipdim. Şonda hiç kim meni idenekledip muhtasybyň huzuryna getirmändi. Meniň niýetim galada bir döwüm tötek iýip, Reýe barmak. Görýän welin, täze patyşa adamlar işsiz oturmasyn diýip, her kime bir wezipe eçiläýipdir. Ine, indem olar işlilere, işlejeklere, bir ýere barjaklara ýol berenoklar.

Kabulhanada oturanlar nätanyş gojaga ynamsyzlyk-şübhe bilen seretdi, ýöne hiç kim ony goldap dillenmedi. Gökhun pikirini dowam etdirdi:

– Bezirgenler ýaly erkana halk ýok. Olar bu gün Reýde bolsa, ertirki gün Merwde ýa Kairde, ýa Gürjüstanda. Ýöne sizem gürlemäge gorkýan bolsaňyz, täze patyşa hakykatdanam gazaply, rehimsiz bolmaly. Erkin bezirgen hele-müçük zatdan gorkmaýar.

– Haý, goja, biz seniň kimdigiňi tanamaýarys – diýip, mapraç täjir garysyna galdy. – Seniň pikiriňe hä bermezligimiz Togrul begden gorkýandygymyzy aňlatmaýar. Bu biziň Togrul bege goýýan hormatymyz.

– Täze patyşanyň bezirgenlere harwar-harwar dinar bermedigin-ä bilýärin men.

– Haý, goja, sen kejirlik edýärsiň. Hiç patyşa-da işleri küşat bolsun diýip bezirgenlere harwar-harwar dinar beren däldir. Patyşa işlemegiňe şert döretse, seni herki alamandan gorasa, şonuň özi harwar-harwar dinar berdigidir. Döwlet arkamyzda dursa, ilatyň arasynda söwda etmäge ejaza berse, harwar-harwar dinary, enşa, özümiz taparys. Togrul beg bolsa, ähli bezirgenleri iki ýyllyk paçdan boşatdy. Biz bary-ýogy gorag pajyny töleýäris. Gorag pajy hem öňki ýaly däl, ähli täjirler üçin deň[2].

– Patyşa pajy ýatyrsa, goşunyny, köşgüni nämäniň hasabyna saklasyn?

– Eý, goja, o zatlaryň pikirini patyşanyň özi edýändir. Togrul soltanyň öz tabynlygyndaky ýerleriň ilatyndan salgyt-paç almagy ýatyrandygy-ha hak. «Täze döwlete paç töledim» diýen adama gabat gelemzok biz-ä. Onsoň şeýle patyşadan nägile bolan kişi pälinden tapar, betbagt bolup, garagy gapylar.

– Siziň işiňize Ýusup Bazyrgany diýen emir ýolbaşçylyk edýärmiş diýýärler – diýip, Gökhun goja kabulhanadakylaryň ýüzlerine seredip çykdy.

– Eý, goja, dogry eşidipsiňiz.

– Ýusup Bazyrgany Togrul patyşanyň ynagymy ýa söwda diwanynyň sahybymy?

– Goja, şu zatlary bilip soraýarsyňmy ýa bilmän? – diýip, söweden kişi Gökhuna şübheli seretdi.

– Doly bilmänim üçin soraýaryn.

– Onda bil, Ýusup Bazyrganynyňky häzir oňuna. Ol begiň ynamynda. Şonuň üçinem ol häzir begiň hem ynagy, hem sahyby, hem weziri.

– Meniň bir bezirgen goňşym bar. Şol gürrüň berdi: «Ýusup Bazyrgana ýüküň ondan birini rişwet berýärin» diýip. Onça rişwet berilse, bezirgene hiç zadam galanok. Şonuň üçin meniň goňşym-a söwda etmesini goýdy.

– Goja, seniň goňşyň nalajedeýindir, ýogsam goýmazdy. Ýusup Bazyrgany hakyna kany, bizem kany. Barybir, biz razy.

– Men bolsam-a Ýusup Bazyrgana rişwet bermezdim.

– Siz bezirgen däl, ýogsam bu gürrüňi aýtmazdyňyz. Ýusup Bazyrganyga töleýän rişwedimizi biz başga döwlete barsak, paç diýip, salgyt diýip, ýolhaky diýip, kerwensaraý haky diýip, iki-üç esse artygy bilen töleýäris. Bize Togrul begiň tabynlygyndaky ýerlerde söwda etmek amatly, kän amatly. Ýusup Bazyrgana berilmeli ülüş biziň üçin gaty ujypsyz zat. Bermelije rişwediňi bereniňden soň bu ýerde ähli işiň çalt bitýär.

– Bezirgenler – syýasatçylar. Patyşalar öz syýasatlaryny bezirgenlere ynanmaly – diýip, söwedin kişi agzynyň daşyny taýly gezek süpürdi. – Bezirgenler şalygy güýçlendiribem, tozdurybam bilýärler. Şonuň üçin patyşa tagtynda rahat oturmak islese, halkyň özüni alkyşlanmagyny gazanmakçy bolsa, onda bezirgenlere hoşamaýlyk etmeli.

– Togrul beg siziň göwünleriňizi awlamagy başarypdyr.

– Eý, goja, dogry aýdýarsyň – diýip, söwedin Gökhuny goldady. – Togrul beg ederini bilýän parasatly soltan. Onuň şalygy, nesip bolsa, ýedi yklyma dolar.

– Köşkde rişwet alýan köpdür-le – diýip, Gökhun ýene kabulhanadakylara seredip çykdy.

– Köşkde rişwet alýan öňem bolupdyr, indem bolar, ýöne Togrul begiň köşgünde Tabgaçlar dardan asylansoň, ýagdaýyň gowulaşandygy hak.

– Togrul beg adalaty dostlukdan ýokarda goýup, hak iş etdi – diýip, mapraç kişi howlukmaç dillendi. – Şirpenje Togrul begiň oglanlyk dosty eken. Olaryň içen suwlary aýry gitmeýän eken. Şeýle ýakyn, jana-jan dost bolsa-da, beg onuň günäsine göz ýummandyr, jezalandyrypdyr. Şondan soň köşkde tertip-düzgün gowulanypdyr. Sebäbi Togrul begiň ýüz görmejekdigine köşkdäkiler akyl ýetiripdirler.

– Siziň bilmeýän zadyňyz ýok. Edýän gürrüňiňizden çen tutsaň, bütin ömrüňizi köşkde geçiren adamlara meňzeýärsiňiz – diýip, Gökhun güldi.

– Eý, goja, dünýäniň ýarym gürrüňi, habary bezirgenlerdedir. Olar harytlaryny satýarlar, çuwal-çuwal gep-gybaty bolsa, harytlarynyň ýany bilen mura-mugt berýärler. Habarlary ýaýradýanlar çaparlar, askudarlar däl, bezirgenler – diýip, ýaşy bir çene baran bezirgen gürrüňe goşuldy.

– «Togrul begiň bar maksady halkyň gowy ýaşamagy hemem söwdany ösdürmek» diýýärler – diýip, Gökhun mapraç kişä seretdi.

– Dogry, dogry! – diýip, mapraç kişi Gökhuny makullady. Togrul patyşanyň üç sany maksady barmyş. Birinjisi, gedaýçylygy ýok etmek, ikinjisi, her hili ýokanç keselleriň öňüni almak, üçünjisem, parahat ýaşamak. «Ýurtda şu üç meseläni amal etmesem, maňa meýlis haram» diýýärmiş. Özem ýumşak düşekde däl-de, hiç bir zat düşelmedik yzgarly ýerde hokgasyny ýassyk edinip ýatyberýärmiş. Özem hepdäniň iki gününde – agyz bekleýärmiş – diýip, kabulhananyň içindäki sakçy joşgunly gürledi.

– Ýok, Togrul patyşanyň baş maksady düýpden başga – diýip, söwedin täjir sakça garşy çykdy. Sakçy öýkeli gürledi:

– Nämesi başga onuň?

– Ol kapyr döwletleriň üstüne jihat edip, baran ýeriniň ilatyna musulmançylygy kabul etdirýär. Olara salgyt salýar, paç salýar. Şeýdip, patyşa goşunyny, köşgüni saklaýar, öz ilatyny bolsa salgytdan boşatdy.

– Deýlemli, büweýh, kaku hanedanlyklary musulmanlardy...

– Dogry, ýöne olaryň soltanlarynyň gäbi azmak azdy. Şerigata, kowahata gelişmeýän işleri edip ugradylar, Hudaýdan daş düşdüler. Öz raýatlaryna zulum etdiler. Onsoň Perwerdigär: «Yslama din gylyjy bol!» diýip, Togrul begi ýedi yklyma jahandar belledi.

– Eşidişime görä, täze patyşa hatynynyň sözünden çykmaýarmyş. Oguz hanlary hatynlarynyň hakylyna gulak gabardan ýerlerinde bagtlarynyň ýatandygy barada maňa ýaşlykda gürrüň beripdiler.

Gökhun begiň bu gürrüňine hortap täjir garşy çykdy:

– Wizantiýada Mihail bäşinjiden soň Konstantin ýedinjiniň gyzy Zoýa[3] ýurtda melike (şa hatyn) diýlip yglan edildi. Men iki aý mundan öň Konstantinopolda boldum. Şonda melikäniň bazarlara aýlanyp ýörendigini hakyt gördüm. Ol täjirleri aýratyn gowy görýän eken. Olaryň rowaçlygy üçin birnäçe perman

çykarypdyr: paç-lary azaldypdyr. Melike orta daýhanlaryň, ilatyň birnäçe salgydyny ýatyrypdyr. Wizantiýada melikäniň abraýy juda ýokary. Ähli halk melikä alkyş okaýar.

– Zoýanyň jany sag bolsa, Wizantiýa şalyk etmek gezegi bize – bezirgenlere-de ýetsin gerek – diýip, söwedin täjir hortap täjiriň ýüzüne kinaýatly ýylgyrdy.

– Bu näme diýdigiňiz bolýar?

– Munuň sebäbini Konstantinopola barybam bilmediňmi?

– Ýok, bilmedim.

– Onuň bilmez ýaly syry ýok. Zoýa görgülide är uzak duranok. Ol üç gezek äre çykdy, üç ärinem tagtda oturtdy. Barybir, ol ärleri dürli sebäplere görä uzak ýaşaman ölýär. Konstantin IX Monomaham uzak ýaşaman öler, şeýdip, Zoýanyň ärleri ölüberse, ahyr gezek bize-de ýeter-dä!

Söwedin täjiriň bu sözüne kabulhanada oturan täjirler hezil edip gülüşdiler.

– Täze patyşa ýörişe gidende yzynda hatyny Altynjany nedim belläp gidýärmiş. Men bu sözüň çyndygyny-ýalandygyny-ha anyk bilmeýärin – diýip, Gökhun bin Harur meniň bu sözüme näme jogap berip bilerkäňiz diýen terzde töweregine garanjaklady.

– Altynjan hatyn, eşidişime görä, ýöne-möne hatyn bolmaly däl. Begiň oňa ikinji gezek öýlenmeginde-de hikmet bar.

Gökhun hortap täjiriň şu sözi aýdaryna garaşyp duran ýaly, söze başlady:

– Togrul beg Ýusup ýabgunyň wepatyndan soň beýik bir seňňeriň üstüne çykyp, üç gije-gündiz Allatagala mynajat okapdyr. Şonda oňa bagzy erenler beýik bir şadöwlet gurmagyna jahandarlyk patasyny beripdirler. Erenler oňa kyrk ýaşa çenli öýlenmezligi wesýet edipdirler, kyrk ýaşda bolsa bir ýanýoldaş iberjekdiklerini aýdypdyrlar. Togrul beg hem kyrk ýaşa ýetýänçä öýlenmändir. Seljuk jemagaty gyşyny Dargan, Hezarasp sebitlerinde, ýazlagyny Nur ýaýlasynda geçirýän döwürleri Horezmşanyň gyz agtygy: «Kim-de-kim maňa Togrul begiň kellesini getirip berse, men şol merdana ýigide äre çykjak» diýip habar ýaýradypdyr. Ana, şonda özüne göwni ýetýän üç sany goçgar Togrul begiň gaşyna barypdyr. Togrul beg ol üç goçgaryň biriniň hem raýyny ýykmandyr. «Eger küşdüňiz-muşduňyz meniňkiden rüstem gelse, meniň kellämi alyp gidiberiň. Biziň ýekme-ýek söweşimize hiç kim päsgel bermez. Siz ýeke geldiňiz, men hem siziň garşyňyza ýeke çykaryn» diýip, beg üç ýigit bilen başa-baş söweşipdir. Ol üç ýigidiň ikisi-hä amanadyny tabşyrypdyr, üçünjisem ýeňlendigini boýun alypdyr, soňundan onuň bilen dogan okaşypdyr. – Gökhun maňlaýyna omrakaý sümren peşini biraz ýokary galdyrdy. – Togrul beg erenleriň: «Kyrk ýaşda seni bir zenana gowşurarys» diýen zenanynyň Altynjandygyny, onuň hem öz kastyna çykandygyny şol wagt nireden bilsin?!

Gökhunyň aýdýan zatlary kabulhanadakylaryň ählisini gyzyklandyrdy. Täjirler onuň daşyna egele bolup, aýdýan sözlerini diňlemäge durdular.

Muhtasybyň oturan otagynyň gapysy açylyp, iki sany daýaw täjir ýylgyrjaklap çykdy. Olar kabulhanadan çykyp ötägitmän, edilýän gürrüňi diňlemek üçin aýak çekdiler. Hiç kim ýanyna barmandan soň, muhtasyp hem oturan otagyndan çykdy.

– Altynjan hatyn näme üçin Togrul begiň kellesini getirip berene durmuşa çykjak diýdikä? – diýip, mapraç täjir gyzyklandy.

– Onuň sebäbi bar.

– Siz bileňzokmy onuň sebäbini?

– Bilýärin. Altynjan hatynyň özem kiçeňräk goşun jemläp, Togrul begiň kastyna çykypdyr, ýöne şol wagt Togrul beg Nur etrabyna giden eken. Meniň, menden owal babam Harur Aksungaryň häkimlik eden Gawşfinj şäherine öň Akhun (afrigit) nesilşalygyndan bolan Bugrajyk Abdal häkim eken, ýöne Mamunlar tagta geçensoň, Bugrajyk Abdalyň ykbaly küle çökdi. Sebäbi onuň diňe gögeleje ogly bilen özüni diri galdyryp, beýleki ähli kowum-hyşdyny öldürdiler, häkimligini elinden aldylar, Bugrajyk Abdaly mülküne – Zamahşar galasyna kowdular. Agyr kysmaty, ölüm-ýitimi ýüregi göterip bilmän, ol öldi, galada ogly Abdylmälik galdy. Şonda Bugrajyk Abdalyň köne dosty Tahyr Afrasýap Zamahşara gelip, ýaş Abdylmälige hossar çykdy, oňa özüniň on ýedi ýaşly gyzyny äre berdi. Olardan üç ogul bilen Altynjan dünýä indi. Altynjan – Togrul begiň hatyny şol!

– Altynjanyň Togrul begde näme kasty bolduka?! – diýip, mapraç täjir başky sowalyny gaýtalady.

Gökhun göwünjeň jogap berdi:

– Kimdir biri Tahyr Afrasýabyň Tümen diýen ogluny öldürdi. «Tümeni Togrul öldüripdir» diýen myş-myş ýaýrady. Ýöne, özüňiz bilýärsiňiz, Ýusup pygamberden bäri möjegiň agzy iýse-de gan, iýmese-de[4]. Altynjan daýysynyň agysyny aglady, öýünden çykmady. Soňam ar almagy – Togrul begi öldürmegi maksat edindi. Ana, şonda ol özüne aşyk bolan ýigitlere bakyp, kim-de-kim Togrul begiň kellesini getirip berse, şol

gerçege äre barjakdygyny mälim etdi. Gerçekler bu habara begenmek begendiler, Togrulyň kellesini getirmek üçin gitdiler, ýöne olaryň hiç birisi hem Togrul begiň kellesini getirip bilmedi. Togrul beg öz kellesiniň söwdasyny edýän arjanak zenany görmek isledi, şu isleg bilen göni Zamahşar galasyna bardy. Altynjana gözi düşen Togrul beg bada-bat oňa aşyk boldy. Ol Altynjana garap: «Eý, altyn gyz, – Togrul beg şonda Altynjanyň adyny bilmeýän eken – Sen meniň kellämi idegläpsiň. «Kim-de-kim Togrul begiň kellesini getirse, men şol merdana gerçege äre barjak» diýipsiň. Ynha, men ýumşuňy bitirdim – Togrul begiň kellesini elin getirdim. Indi sen sözüňde durup, meniň hatynym bol!» diýdi. Togrul bege öň owadandan-owadan gyzlary hödürläpdirler. Ol welin, ýeke gyzyň ýüzüne-de garamandyr, ýöne Altynjandan welin, asla gözüni aýryp bilmän, äpet göwresini saňňyldadyp durmuş. Beg şol duşuşykdan soň, Zamahşara sawçy ýollapdyr. Ýöne toba ýaşy[5] dolýança – iki ýyldan gowrak wagtlap öýlenmändir – diýip, Gökhun beg töweregindäkilere seretdi. – «Zamahşar gijesi» hakda eşitdiňizmi?

– Ýok, ýok, bilmeýäris, aýdyber – diýip, bezirgenler Gökhun begiň gyzykly wakany gürrüň berjegini aňyp, söhbediniň soňuny diňlemäge howlukdylar. Ýöne gürrüňçilikde käbir kişi özüni görkezmek, özüniň ony-muny bilýändigini aýdyp öwünmek isleýär. Şol maksat bilenem gürrüňe goşulýar. Gökhun begiň mylaýymlyk bilen gür bermesi hortap bezirgeniň hoşuna gelip, ol öz bilýän zadyny göçgünli gürrüň bermäge başlady:

– Men Togrul beg bilen bäş-alty gezek duşuşdym. Ol Altynjan hatyna talak berende şeýle diýdi: «Ýa men ölerin ýa-da soltan Masudy ýeňip, Horasana hökümdar bolaryn. Şu maksadyma ýetýänçäm men saňa nämynasyp. Şu günden başlap, men gylyç ýa kepen däbine girip, soltan Masudyň garşysyna çykjak. Ölsem, idde möhletiň[6] gutararyna garaşyp-örtenip ýörmän, meniň ölendigimi eşideniňden soň äre bar, ýöne Allatagala menlik bolup, soltan Masudy ýeňsem, onda men saňa täzeden öýlenerin. Ikinji toýumyz «Zamahşar gijesindäki» ýaly bolmaz. Reý şäherinde ýedi yklymda entek görlüp-eşidilmedik toý tutaryn».

Hortap bezirgeni uzak gürlemäge goýman, onuň al-petinden aldylar:

– Eý, sen nä gürleýärsiň? Seniň bu aýdýan zatlaryňy ähli kişem bilýär. Sen, nä, bu gojanyň sözüni kesýärsiň? – Häliden bäri ýekedyz oturyp Gökhun begi diňlän söwedin täjir ellerini hereketlendirip gaharlandy. Söwedin täjiriň sözüni oňlap, hortap täjire ýerli-ýerden igendiler.

– Gohlaşmaň, gohlaşmaň! – diýip, muhtasyp haýbatly seslendi. Gökhun begiň alkymyna dykylyp bardy – Saýybym, siz näme maksat bilen nireden geldiňiz?

– Men bady-şütür şemaly bilen at alan şäherden geldim. Maksadymyz işe, gulluga durmak. Şu niýet bilen Reýe barýarys. Bu ýerde garbak-gurbak edinmekçi bolduk.

– Näme käriňiz bar?

– Goçgar, meniň bir döwüm tötek iýmegim üçin şu zatlary bilmegiň hökmanmy? Men bu ýere Alauddaule döwri hem gelipdim. Şonda bir döwüm tötek iýmek üçin hiç zat soramaýardylar. Ýa garbak-gurbak edinmek üçinem Ýusup Bazyrgana rişwet bermelimi?

– Siz kim?

– Meniň adym Gökhun ibn Harur ibn Aksungar. Aslym horezminli. Şamälikden öň – Altyndaş döwründe Gawşfinj şäheriniň häkimidim. Soň ykbal şemaly meni Badhyza[7] taşlady. Başga näme aýdaýyn?

– Saýybym, siz maňa nähak gaharlanýarsyňyz. Bir döwüm tötek iýmegiňiz üçin biz sizden hiç zat soramarys, Ýusup Bazyrgana-da rişwet bermeli däl. Sakçylar sizi meniň tabşyrygym bilen ýanyma getirdiler. Alauddaule döwri hem men şu ýerde işleýärdim. Hernä, şol döwrüň – deýlemlilerden döwranyň geçdigi bolsun. Ol döwür nan atlydy, biz pyýadadyk. Togrul soltanyň ömri deraz bolsun. Agzymyz aşa ýetip ugrady. Ol her bir musulmany, her bir gelen täjiri myhmana goýulýan gadyr-hormat bilen garşylamagy, doganlarça gürleşmegi bizden talap edýär. Onsoňam Taberek galamyz indi kabalä[8] öwrüldi. Ynha, görüň, birgiden kerwen galada söwda edýär. Alauddaule döwründe bir aýda gelýän kerwen bu gün bir günde gelýär. Patyşamyz täjirleri salgytdan boşatdy, paçdan boşatdy. Gorag pajyny bolsa, ähli täjirler üçin deň etdi. Her bezirgen hakda alada etmek biziň borjumyz. Ine, şu bezirgenlerden sorap görüň, içinde bizdenem, patyşadanam nägilesi ýokdur. Sebäp, bar aladamyz raýatlarymyz. Sizi nähak saklapdyrlar. Häzir sizi çaýhana elterler. Size hyzmat ederler, arkaýyn boluň. – Muhtasyp içişikde duran sakça buýurdy: – Bar, bulary çaýhana eltip gaýt. Çaýpuruşa aýt, gowy hyzmat etsinler. – Muhtasyp Gökhunyň ýakynyna gelip, müýnli gürledi. – Siz biziň günämizi ötüň. Men öz adamlaryma: «Atabeglik eder ýaly är-aýal görseňiz, meniň ýanyma alyp geliň» diýipdim. Sakçylar sizi bu ýerik meniň şol sözüm üçin getiripdirler. Ýogsam nahar iýjek adamy içeri goýbermän duramzok biz. Allatagala maňa ogul bermedi, diňe bir akyllyja gyz berdi. Ýaňy bäş ýaşyny doldurdy. Men gyzyma atabeg tutup, birki dili öwretmek isleýärin. Togrul begiň hatyny ýetmiş iki dil bilýärmiş. Saklablaryň[9] hem ähli dilini bilýärmiş. Dünýäniň haýsy ýerinden ilçi gelse, olaryň öz dillerinde gürleşip otyrmyş, ol.

– Ynamyň üçin taňryýalkasyn… – Gökhun syrly dymdy.
– Siz razymy?
– Ilki bilen, çagaňyzy göreli. Onuň bilen gürleşip görenimizden soň, biz bu sowalyňyza jogap berip bileris. Özümiz atabeglik etmesegem, gowy atabeg tapyp berip bileris.
Muhtasybyň begenýändigi ýylgyrjaklap iki tarapyna bakyşyndan açyk duýulýardy.
– Men näçe diýseňiz, hakyňyzy tölärin. Siz menden nägile bolmarsyňyz. Men size ýatak jaýyny bererin, mugt iýdirip-içirerin.
– Teşneligimizi gandyrsak, owkat edinsek...
– Duruň, duruň! – diýip, muhtasyp Gökhunuň sözüni böldi. – Siz häzir göni meniň öýüme baryň. Ol ýerde siziň teşneligiňizem gandyrarlar, owkadam bererler. Ýusup! – Muhtasyp gapynyň agzynda duran sakça ýüzlendi: – Bu gojany hatyny bilen meniň öýüme elt. «Altynjanyň atabegleri» diýip aýt. Gowy iýdirip-içiriň. Bular uzak ýoldan gelipdirler. Dynçlaryny alsynlar. Sowal berip, ýüreklerine düşäýmäň. Şeýle diýibem öýdäkilere aýt.
Muhtasybyň öýi uzakda däl eken.
Är-aýal giň otagda ýazylyp-ýaýrap naharlandylar. Bäş ýaşlyja Altynjan bolsa Kalbyna bilen tiz öwrenişdi.

## On bäşinji hekaýat

## HER KIM ÖZ MAKSADYNA DAŇLAN

Alparslanyň harby tilsimleri öwrenjekdigi Togrul begi-de, Altynjany-da biynjalyk edip duranokdy. Çünki ol pälwansypat, daýaw, erjel jahyldy, harby tilsimleri öwrenmäge höwesekdi. Iň esasy zat, onuň döwrüň ylymlaryndan ýüküni mas ýetirmegidi. Pars hem ýunan dillerini öwrenmegidi: musulman halklarynyň arasynda bilim dili – arap, syýasy dil – pars, köçe dili – türkmen dilidi. Ýunan dili aşa sowatlylygy aňladýan begzadalyk dilidi.
Togrul beg alada-endişesi her çent köp-de bolsa, iki ýylyň dowamynda Alparslany ünsden düşürmedi: onuň bilen gylyçlaşyk türgenleşigini geçmäge, puta – ýaýdan hem hanjardan nyşana urmaga wagt tapdy.
Tas her gün garadere batyp türgenleşdiler.
Birder türgenleşik geçip, ýadap, dynç almak üçin oturanlarynda Altynjan hatyny çagyrmak Togrul bege edehäde öwrülipdi.
– Näme üçin Altynjan ýok?! Çagyryň-a ony.
Bu söz her gezek gaýtalanýandygy üçin, Togrul patyşa bilen Alparslan türgenleşige başlasa, hyzmatkärleriň biri Altynjan hatyny çagyrmak üçin ugrardy.
Alparslan lalalary Togrul soltany, Altynjany aýratyn hatyralaýardy. Olaryň göwnüni götermäge çalyşýardy. Togrul soltana «babam», «lalam», «walydym»[1], Altynjan melikä «enem», «lalam», «walydam» diýip ýüzlenýärdi.
Alparslan Togrul beg bilen Altynjany hernäçe ezizlese-de, kakasy Çagry begi, ejesi Gyzbibini ýadyndan çykarmaýardy, kä gijeler ejesidir kakasy, doganlary Gurt (Kawurt), Süleýman, Ýakut düýşüne girýärdi, olar bilen basalaşyp oýnasy gelýärdi. Merwe bakan seredip, doganlary bilen basalaşyp oýnan günlerini ýatlaýardy. Onuň gündogara bakan seredip oturandygyny görüp, Altynjan melike ýanyna gelerdi:
– Öwez, sen näme üçin ýüzüňi aşak salyp otyrsyň? Nämäni gaýgy edýärsiň?
On dört-on bäş ýaşly Alparslan näme jogap berjegini bilmän çykgynsyz güne galardy:
– Men hiç zady gaýgy edemok...
– Ýeri, ýene Merwi ýatlaýarsyňmy?
Alparslan boýun almaýardy. Ol alawuz gylygyň gowy däldigini bilýärdi, ýöne hakykaty aýtsa, lalasy halajak däldi. Şonuň üçinem ýalany saýlap alanyny ibaly görýärdi.
Togrul beg gylyçly türgenleşiklerden soň, Alparslan bilen bile naharlanýardy. Özem köplenç sazandalaryň pessaý sazyny diňläp naharlanýardylar.
Togrul soltan nahar başynda Alparslana ýüzlendi:
– Saňa näme bolýar? Nämäni oran edýärsiň?

Alparslan sowala açyk jogap berdi:

– Iki gije mundan öň düýş gördüm, lalam. Şol gören düýşüm teý ýadymdan çykanok.

– Pygamber ýorgudy bolsun, nähili düýş ol?

– Düýşümde walydym hassa ýatyr, ol maňa gyzyl ok[2] berdi. Walydam bolsa ol oky elime almagymy islemedi.

– Walydyň bu mahal Balhda bolmaly. Ol Möwduddan[3] ýeňläýdimikän? Näme üçin meni däl-de, seni kömege çagyrýarkan? Eger zerurlyk ýüze çyksa, maňa habar göndererdi, ýöne ondan hiç hili habar ýok...

Şunuň bilen gürrüň gutardy.

* * *

**G**yzyl okuň – çakylygyň ugradylmagyna Reýde ähli kişiden beter Altynjan howlugýardy. Çünki iki dogan – Çagry beg bilen Togrul beg patyşalygy ýola goýup, güýç ýygnap Horezmine — Şamäligiň üstüne çozmagy ähtleşipdiler. Şol ýörişe taýýardygyny mälim edip, Çagry beg Togrul bege ýörişe çakylyk ibermelidi. Şamälikden ar almak diňe bir Altynjanyň däl, ähli seljuk begleriniň maksady ahyryn. «Zamahşar gijesiniň» awusy seljuk neberesiniň jigerlerinden çykarly däldi. Ol gijede diňe toý ýasa öwrülmedi, sekiz müň seljukly wepat boldy, gyryldy! Ol gijede, gör, näçe çaga, näçe naçar öldürildi.

Şamäligiň elinden Altynjanyň hossarlary – ata-enesi wepat etdi.

Şamäligiň elinden Altynjanyň dogany Habyl wepat etdi.

Şamäligiň elinden wepat eden adamlar kändi, juda kändi, ýatlasa, Altynjanyň jigeri gyýym-gyýym bolýardy.

Altynjan Şamälikden aryň alynmagyna gününi sanap garaşýardy.

Merwden Altynjan hatynyň paltasyny daşa degdiren habar geldi: «Şamäligiň üstüne ýöriş edildi, ýöne ýöriş şowsuz gutardy[4]».

* * *

Togrul soltan Alparslanyň gören düýşüniň ýönekeý düýş däldigini aňyp, ony on müň atly goşun bilen Merwe ugratmagy makul bildi, Alparslana dańdan Merwe ugramalydygyny aýtdy.

Çagry beg: «Şu gün sagalaryn, ertir sagalaryn» diýen inçe tama bilen şindem nähoş ýatyrdy. «Çagry beg sarygetirme keseli bilen kesělläpdi, şol dert ony gaty ynjydýardy»[5]. Ol Balha ugramak barada perman beripdi. Goşun taýýardy, ýöne ol ýola düşmek hakynda pikir hem etmeýän ýalydy.

Ol Alparslanyň gelenine begenmek begendi. On bäş ýaşly ogluny ýörişe taýýar bolup duran goşunyna baş edip, Balha sary ugratdy.

* * *

**Togrul b**ege Alparslanyň Balha salar bolup gidendigi, Möwdudy ýeňip, seljuk serhedini giňeldendigi, bu habary eşiden Çagry begiň keselinden açylandygy hakdaky habar bilen gyzyl ok getirdiler[6].

Gyzyl ok alan Togrul soltan birleşen güýç bilen Balha, Horezmine ýöriş etmek üçin elli müňlük atly: jylawdar hem ylgary goşun bilen Merwe ugrady. Merwde esgerleriň sany ýüz müňe ýetmelidi.

Iki dogan Merwde duşuşdy.

Şol gün Gaznadan hoş habar gelip gowuşdy: üç ýyllap edilen talapdan soň, gaznalylar Gutulmyş ibn Ysraýyl Arslan ýabgu ibn Seljugy zyndandan boşatdylar. Mundan üç aý öň Resultegin ibn Ysraýylyň serkerdeligindäki Gutulmyşy alyp gaýtmak üçin ugradylan topar ahyr maksatlaryna ýetdiler, Gutulmyşyň Hindiguş daglaryndan aşyp Merw sary ugrandygyny, birigün Merwe geljekdigini habar berdiler.

*«(Seljuklar) Soltan Masutdan Gutulmyşy zyndandan çykaryp, özlerine iberilmegini talap etdiler. Talaplary ýerine ýetirilenden soň soltan Masut bilen ýaraşdylar we öz aralaryndaky şertnamany berkitdiler. Şertnama görä, Sistan, Gazna we Hindistan ülkeleri soltan Masuda degişli bolmalydy, ol Horasandan we beýleki ýerlerden el çekmelidi. (Seljuklylar) tä soltan Sanjar (511 – 552 h.ý., 1118 – 1158 ý.) döwrüne çenli soltan Mahmydyň neberesiniň üstüne çozmadylar».*

**Kerimeddin Mahmyt Aksaraýly.**
**Musameretul ahbar.**
**(Habarlaryň mejlisi)**

Iki dogan Gutulmyşy derejeläp garşylamak maksady bilen, ýörişi bir hepde soňa goýdular.
Gutulmyşa mynasyp gelinlik tapyp goýdular. Has takygy, Ahmet Dehistanynyň gyzyna guda boldular.
Gutulmyş geldi.
Ýigrimi ýylyň aýraçylygyndan soň doganoglanlar didarlaşdylar.
Toý toýladylar.
Uzak gije meýlis gurap, serden geçdiler.
Ertesi Gutulmyşy öýerdiler, oňa bir hepde dynç berýändiklerini aýtdylar.
Bir hepde dynç alyşdan soň, doganlar Gutulmyşy maslahata çagyrdylar, oňa ýagdaýy düşündirdiler, özleri bilen ilki Balha, soňam Jürjaniýa ýörişe gitmegi teklip etdiler.
Gutulmyş bu teklibe kes-kelläm garşy çykdy: özüniň ýigrimi ýylyň horlugyndan soň rahat ýaşamak, özem bolçulykda, hökmürowanlykda bigam ýaşamak isleýändigini mälim etdi:
– Maňa bir patyşalygy – ülkäni beriň. Men ol ýurtda hiç bir zadyň aladasyny etmän rahat ýaşaýyn. Men indi ýaş däl. Ömrümi ikinji gezek töwekgellige salmak islemeýärin.
Togrul beg-de, Çagry beg-de Gutulmyşdan beýle söze garaşmandylar. «Elbetde, Taňry ýagşy amal edijileriň azabyny zaýa etmeýär»[7]. Mundan beýlägem şeýle bolar, ýöne Gutulmyşyň jogaby bu iki dogan üçin garaşylmadyk jogapdy.
Näme etmeli?!
Balha, Horezmine ýörişi soňa goýmaly. Gutulmyş haýsy sebite häkim bolmak isleýän bolsa, şol ýere gidip, şol ýerini teshyr edip, onuň ygtyýaryna tabşyrmaly. Ikinji ýol ýok: sebäbi Togrul begiň hem Çagry begiň hem ýigrimi ýyllap horluk çeken Gutulmyşyň garşysyna gidesleri gelenokdy. Her nähili ýagdaý bolanda-da, ony razy-hoşal etmeli. Ol dogry aýdýar: goý, galan ömrüni göwnühoşlukda geçirsin. Ol: «Men patyşa boljak. Sizem meniň wezirlerim bolarsyňyz» diýenog-a! «Men soltan boljak!» diýmäge-de haky bar onuň. Sebäp ol Arslan ýabgunyň ogly. Arslan ýabgu ähli seljuklylaryň patyşasydy, ýabgusydy. Ýabgu ölse, yzyny ogly dowam etdirmeli!
Iki dogan özara maslahatlaşdy. Şondan soň olar Gutulmyşyň ýanyna bardylar:
– Gutulmyş dogan, sen çar ýana ynamdar jahankeşdeleri gönder. Goý, olar iň gözel, iň baý ülkeleri, patyşalyklary görüp gelsinler. Onsoň haýsy ýerini diýseň, ilkinji nobatda, şol ýerini saňa petihläp bereýin. Seni razy edip, ana, şondan soň men Horezmine ýörişe gideýin.
Gutulmyş Togrul bege nagt jogap berdi:
– Dogan, onuň üçin hiç ýere adam, jahankeşde göndermegiň derkarlygy ýok. Meniň göwnüm – eger maňa rowa bilseň! – Tabarystany – Ziýar patyşalygyny isleýär. Şol ülke meniň tabynlygymda bolsa, maňa bu dünýäde başga hiç zat gerek däl.
– Eh, byradar, heý, men saňa ol ýerleri rowa bilmerinmi? Ondan köp ýer isleseň hem musahhar kylyp bererin.
– Ýok, ýok, maňa şol ýerleri ýeterlik.
– Islemek seniň bilen, amaly biziň bilen.

* * *

Togrul beg Tabarystana – Ziýar patyşalygyna iki ýüz aňtawçy ýollady. Olaryň wezipesi Togrul begiň çyn howandardygyny, onuň goşunynyň çäksiz köpdügini, baran ýerinde nähili güýçli goşun bar bolsa-da hökman ýeňýändigini, garşylyk görkezilse Togrul begiň halamaýandygyny, gaty berk jezalandyrýandygyny, ýerli ilaty iki ýyllap salgytdan boşatjakdygyny, täze metjitleri gurjakdygyny, mazlumlara, ähli ilata çyn hossar çykjakdygyny wagyz etmekdi.
Wagyzçylaryň ýerli ilata düşündiriş geçmegiň hötdesinden nä derejede gelendiklerini bilmek kyn däldi: seljuk goşunynyň nähili garşylanýandygy aňtawçylaryň yhlaslarynyň görkezijisidi.

***

Käbir galalar hiç hili garşylyk görkezmesizden derwezelerini açyp, seljuklylary duz-çörekli garşylady. Togrul beg bu sebitlerde özüne garşy çykyp biljek uly güýjüň ýokdugyna göz ýetirdi. Ol ilki Merdawij ibn Bessunyň häkimlik edýän Gürgen şäherine sary ugrady, şäheriň golaýynda özüniň gara ýüpekden edilen «bargähi soltanatyny»[8] dikende ýerli ilat gala derwezesini giňden açyp, oňa boýun egýändiklerini aýtdy. Togrul beg dabara bilen şähere girdi. Ýaraşyk üçin şäheriň ilatynyň ýüz müň dinar tölemeklerini talap etdi.

Togrul begiň bu talaby bir ýarym günüň dowamynda ýerine ýetirildi. Beg Jürjan (Gürgen) şäheriniň ilatyny ýygnap, şäheriň, tutuş Gürgen welaýatynyň Gutulmyş bege ykta berilýändigini yglan etdi[9].

Togrul beg Gürgene (Jürjana) gelip, Ziýar patyşasy Bakalanjary dardan asyp jezalandyrmakçydy, çünki onuň eden etmişleri kändi, etmişleriniň biri parawly Parawbibiniň ölümine sebäpkärligidi.

Bakalanjar hiç ýerde ýokdy, onuň Elbrus dagynda, uçut bir gaýada gurlan galada gizlenýändigini habar berdiler.

Onuň yzyndan gitmek, tapmak, jezalandyrmak üçin bir aý wagt gerekdi. Togrul begde welin, wagt ýokdy. Ol Horezmine gitmelidi, Şamäligi tapmalydy hemem ony jezalandyrmalydy, Horezmini Seljuk şalygynyň tabynlygyna geçirmelidi. Şonuň üçin hem Togrul beg Bakalanjary tapmagy hemem jezalandyrmagy ýene bir gezege goýup, möhümden möhüm işleri etmegi makul bildi.

* * *

Togrul patyşa Gutulmyşyň islegini amal edip, günbatardaky ýagdaýdan kanagatlanma tapyp, Reýde naýyplygy etmegi baş wezir Ahmet Dehistana tabşyryp, Merwe, ol ýerden hem Horezmine ugramak üçin ikinji gezek azymat etdi.

Horezminde entegem Şamäligiň hökmürowanlygy ýöreýärdi. Öňki hökümdar Harun ibn Altyndaşyň ogly Ysmaýyl bilen hadymy Şükür bolsa, şindem Merwde Çagry begiň gullugyndadylar. Soltan Masut aldaw bilen öldürileninden[10] soň, Şamälik Gazna tagtyna geçen Möwdud ibn Masut ibn Mahmydyň tabynlygyna giripdi.

* * *

Horezmine ýörişe gidilýändigini eşiden Anuşirwanyň hatyny Göwheraý ýaňy dünýä inen ogluny bagryna basyp, Altynjan hatynyň ýanyna geldi, sojap-sojap aglady.

– Näme boldy, Göwheraý?

– Merhemetli melikäm, eşidişime görä, Horezmine ýöriş edilýärmiş.

– Hawa, ertir ugraýarys.

– Merhemetli melikäm, Anuşirwan meni ýany bilen äkitmek isleýär.

– Äkitse, ata-eneňi görersiň-dä!

– Ýok, ýok, meniň olary göresim gelenok, merhemetli melikäm. Towakga edýärin, meni goýup gidiň, ýolda meniň çagam heläk bolar.

– Sen çagaň ýolda heläk bolmagyndan ätiýaç edip galmakçy bolýarmyň ýa Buruntaga barmak islemeýänligiň üçin?

– Buruntaga barmak islemeýänligim üçin.

– Onuň näme sebäbi bar?

– Babam maňa: «Men senden geçýärin, gözüme gaýdyp görünme» diýdi. Men hem babama: «Gaýdyp Buruntaga gelmerin» diýip äht etdim.

– Näme üçin? Ýa babaň Anuşirwana äre barmagyňy islemedimi?

Göwheraý näme jogap berjegini bilmeýän bolarly, aljyrady:

– Hawa, islemedi.

– Onuň özi başda seni Anuşirwana gelinlik berýändigini meniň babama aýdypdy ahyryn!

– Hawa, aýdypdy! Towakga edýärin, merhemetli melikäm, meniň hökümdarym bilen gürleşiň, goý, ol meniň köşkde galmagyma izin bersin.

– Ýöriş bir ýyla çeker. Bir ýyllap Anuşirwan küwensiz oňup bilmez-ä?

– Goý, ol ýene bir hatyn alaýsyn. Dürnazar sahybyň gyzy Dilbere öýlensin, ony ýany bilen äkitsin! Dilber biçak owadan gyz. Merhemetli Anuşirwan ony gowy görýär. Men gördüm: bir gezek Anuşirwan Dilberiň geçip barýandygyny görüp, atdan düşdi, tä öýüne girýänçä onuň yzyndan seretdi durdy.

– Ol seni ähli peri-peýkerlerden agla görýär.

– Towakga etseňiz, size «Ýok!» diýip bilmez!

Altynjan Göwheraýyň towakgasy boýunça Anuşirwan bilen ýörite gürleşdi, ýaş çaganyň uzak ýolda horlanjakdygyny tutaryk edundi.

Anuşirwan walydasynyň bu sözüni asyl diňlemek hem islemedi:

– Ömrümiň ahyryna – iň soňky demime çenli hatynym Göwheraý ýanymda bolar, bizi hiç bir güýç aýry salyp bilmez!

Anuşirwanyň bu sözünden soň, Altynjan sesini çykarmady, Göwheraý bolsa, aglamak aglady.
Göwheraýyň gözýaşy, agysy Anuşirwanyň pikirini üýtgedip bilmedi.
Dünýäniň ähli suwundan zenanlaryň döken bipeýan gözýaşy köp bolsun gerek!
Eh, zenanlar, zenanlar!

* * *

**Z**amahşar! Altynjan on ýyldan soň dünýä inen galasyna geldi. Ine, tanyş ýerler! Gör-ä nähili gowy! Altynjan begenjine uçaýjak--uçaýjak bolýardy. Ol Zamahşaryň derwezesiniň ýanynda atdan böküp düşüp, ýere üç mertebe togap etdi, derwezäni, galanyň diwaryny sypap-sypap ogşady. Altynjan üýtgese-de gala üýtgemändir. Ine, birmahalky aýakýalaňaç ylgan ýerleri, gijelerine düýşüne giren zowkuly ýerleri üýtgewsiz saklanypdyr.

– Men geldim, men geldim – diýip Altynjan möňňürip aglady, derbanlar bilen ýekän-ýekän salamlaşyp, hal-ahwal soraşyp çykdy, zamahşarlylara sahylyk bilen dinar paýlady.

Altynjanyň maksady Tümen daýysyndan galan tyllalary zamahşarlylara paýlamakdy, ýöne ol hazynanyň üstüni açmanda-da, ýeterlik tylla-teňňe tapyldy.

Seljuklylaryň ýüz müň atly goşun, üç manjanak bilen ýetip gelýändigi hakda eşiden Şamälik hazynasyny alyp, gaçyp gitdi, özüni Dehistan sähralygyna atdy. Soň ol ýerden hem Tabasa göçdi[11]... Şamäligiň wezir-wekilleri-de zut gaçypdylar. Gyssagarada olar ähli hazynalaryny ýanlaryna almaga ýetişmediler. Jan – hazynadan şirin. Şamäligiň wezir-wekilleri, şeýle hem öz döwründe seljuklylara garşy çykan barjamly adamlar gaçdylar. Olardan galan hazynalaryň bellibir bölegini Togrul beg Altynjana berdi.

Hatyn hazynalary zamahşarlylara paýlamak paýlady. Razzak damulla Altynjanyň dinar paýlamasyna kömek etdi. Ähli hojalyklara aýlanyp, iki ýüz dinardan paýlap çykdy.

Altynjan ýaşlykda bir oglanyň ýüzüne gylyç bilen şikes salypdy, ikinji biriniň bolsa üç sany gapyrgasyny döwüpdi. Üç gyzyň ikisiniň elini döwüpdi, üçünjisiniň ýüzüni persala edipdi. Altynjan, ilki bilen, ýaşlykda şikes ýetiren şol üç gyzy bilen iki oglanynyň öýlerine bardy.

Ol bu bäş şikesliniň bäşisem garyplykda, pukaralykda ýaşaýandyrlar öýdüpdi, ýöne beýle däl eken. Olaryň bäşisiniň ýaşaýşam oňuşmazça däl eken. Eli döwlen gyzlaryň biri durmuşa çykyp, birinji çagasy dünýä injek bolanda aradan çykypdyr. Ondan bir ogul galypdyr. Äri başga birine öýlenipdir.

Altynjan birmahal şikes salan kişilerine eçilmek eçildi.

Bäş kişi birmahal Altynjanyň biçak gaharyny getiripdi. Olar:

– Eprikogullary – Hudaýyň garganlary! – diýipdiler.

Altynjan Hudaýyň gargan gyzy bolmak islänokdy, bu hakda eşitmek hem islänokdy. Ol Eprikogullary neberesiniň pajygaly kysmaty hakda kän gezekler eşidipdi, atasynyň süteme döz gelip bilmän ölendiginem, kakasynyň ýedi ýaşda on ýedi ýaşly ejesine öýlenendigi hakda-da eşidipdi.

Zamahşarly oglanlar, gyzlar Altynjanyň «Eprikogullary – Hudaýyň garganlary» diýen sözi halamaýandygyny, bu sözi aýtsaň, öň seni nähili gowy görenem bolsa urýandygyny, maýyp edýändigini bilýärdiler, şonda-da käteler kejirlik bilen aýtmaly däl sözi oňa aýdýardylar, şondanam lezzet alýardylar, şondan soň olary urup Altynjan hem içini sowadýardy.

Abdylmälik han gyzyny gahar-gazaba mündüren sözüň nämedigini biljek bolup köp kişiden osmakladyp sorap görüpdi, Altynjanyň birden eşidäýmeginden ätiýaç edip, hana hiç kim hakykaty aýtmandy.

Bu gün urlanlar, şikes ýetenler jem bolup oňa:

– Altynjan, Eprikogullary – Hudaýyň halanlary! Hudaý sizi gaýtadan arşa – mertebä göterýär! – diýdiler.

Razzak damulla Altynjanyň gelendigine begenip, bir ýerde duranokdy, içki joşgunyny öwran-öwran gaýtalaýardy:

– Men: «Altynjan entek gaty beýik-beýik derejelere ýeter» diýipdim. Gördüňizmi, meniň aýdanym bolandyr! Men näme diýipdim? «Altynjan halkyň hak howandary bolar. Altynjan biziň göz-guwanjymyz bolar» diýmedimmi? Diýdim men! Hakyt diýdim! Men diýdim! Men Altynjanyň şeýle beýik derejelere ýetjigini bildim-ä men! Altynjana men öwüt berýärdim. Ol meniň öwütlerime eýerdi. Ýadyňyzdamy meniň öňünden aýdanlarym?!

Altynjan damullasyna eçildi.

Damulla zamahşarlylaryň öňünde agzyny giňden açdy, birmahalky mährap döwen Altynjan bolsa onuň agzyna dinar guýdy.

Damulla agzyna dinaryň köp guýulmagyny isledi, şu isleg bilenem agzyny has uludan açdy, tas äňi ýazypdy, barybir, Altynjan Zamahşardan tä gaýdýança äňiniň agyrysyndan ýaňa gepläp bilmedi, asyl agzyny açyp bilmedi. Görgüli bir aýlap, äňini sarap, hiç zat iýip bilmän gezdi. Görgüliniň ömründe beýle köp engama ýüzi düşmändi ahyry! Ol bir zada göz ýetirdi: dünýäde iň çökder jeza iýere zadyň känkä iýip bilmezlik eken. Aňryň-a eljuk diýýär, ýöne agzyň içi zer-zaw.

Wah, göze doýma ýok...

Zamahşarlylar Altynjan hatynyň gözüne şeýlebir mähriban gö-rünýärdiler. Melike olaryň ählisini depesine täç edinäýesi gelýärdi. Ählisini bagryna basaýasy gelýärdi, öňünden çykan her bir hatyny gujaklaýardy, hal-ýagdaýyny soraýardy.

* * *

**Altynjan öýüne bardy.**

**Ine, şol tanyş howly! Giň howluda, göz-göz otaglarda hiç kim ýok. Megerem, Şamäligiň hökmürowanlygynyň uzak wagtlyk däldigini, Sadylla, Kabyl dagynyň öz öýlerine dolanyp geljekdiklerini aňan bolsalar gerek. Bu howluda ýaşamaga hiç kim het edip bilmändir, ýöne indegsiz howlyny talamak talapdyrlar: oturar ýaly ýekeje düşegem ýok. Hany, birmahalky depe-depe bolup duran halylar?!**

**Zamahşarlylar Altynjanyň bu sowalyny eşiden ýaly, haly getirip ugradylar:**

**– Altynjan, düşekleriňiz ogurlanaýmasyn, talaň salnaýmasyn diýip, ygtybarly ýerlerde gizläp goýduk. Biz siziň ähli zatlaryňyzy gözümiziň göreji deýin gorandyrys.**

**Altynjan olaryň ählisine minnetdarlyk bildirdi. Ol ylgap ejesiniň otagyna bardy.**

**Hiç kim ýok!**

**Gülýüzliniň otagyna girdi.**

**Hiç kim ýok!**

**Soň ol kakasy Abdylmälik hanyň dynç alýan otagyna girdi.**

**Giň otag borram-boş!**

**– Altynjan, näme agtarýarsyň? – diýip, Kabyl sorady.**

**Altynjan näme jogap berjegini bilmän egnini ýygyrdy.**

**Aslynda, ol geçen günlerini agtarýardy. Ejesiniň şebistanyndan ejesini, akgyzynyň otagyndan Gülýüzlini, kakasynyň salamlygyndan hem, elbetde, kakasyny agtarýardy. Onuň göwnüne bolmasa, işik açylyp, olaryň içinden «Altynjan, sag-aman geldiňmi?» diýip, mähribanlary çykaýjak ýalydylar.**

Mähriban öýünde bu gün ne kakasy, ne ejesi, ne-de akgyzy bar.

Onuň mähriban öýünde atgan ýeke mähribany-da ýok!

Altynjan ejesiniň otagyna ýene bardy. Dälirän dek, gözlerini elek-çelek edip:

– Ene, ene! – diýip, pessaý seslendi.

Onuň sesi boş otagda: «Ene, ene!» diýip gaýtalandy.

On ýyl geçenden soň ol wagşylyk bilen öldürilen, ejesiniň, kakasynyň, dogany Habylyň, akgyzy Gülýüzliniň agysyny aglady. Bagyryp-bagyryp aglady...

* * *

**Altynjan Göwheraýyň ýanyna bardy:**

**– Ýör, men seni Buruntaga – babaň-eneň ýanyna alyp gideýin. Olar entek agtyklarynyň bardygyny bilýänem däldirler. Tümen jany ýanyňa al!**

**– Ýok, ýok! Men gitmäýin, siz hem gitmäň!**

**– Ata-eneňden öýke etmek aýyp bolar, unut öýke-kinäňi!**

**– Men-ä haýran Göwheraýa! Babasynyň adyny tutsaň, elewräberýär. «Buruntaga hiç mahal barjak däl» diýip ant içdi. Antdan soň men ony äkitjek bolup durmaýyn. Ol meniňem gitmegimi islänok – diýip, Anuşirwan müýnli dillendi.**

– Onda senem gitjek dälmi?

– «Git!» diýseň giderin.

– Men saňa hiç zat diýjek däl. Janahyr Geçdeki babamyň ýeg razdanydy, onuň halyndan habar almak meniň borjum.

Altynjan Kabyl bilen ýola düşdi. Janahyr halwaçynyň ýanyna bardy. Ol Janahyr halwaçynyň öýüniň otlanmasynda, näme üçindir, özüni günäkär duýýardy. Näme üçindigini welin bilmeýärdi. On ýylyň içinde Janahyr halwaçynyň bili bükülipdir, näsag ýatan eken.

Janahyr halwaçy Altynjanyň salama gelendigine çoh minnetdar boldy.

– Men size biçak guwanýaryn, Altynjan melike. Siziň uly derejelere ýetjekdigiňizi men sizi ilkinji gezek görenimde aňypdym. Biziň sebitimiziň uludan-kiçisi bu gün siziň adyňyzy senalaýar. Sebäp, siz olara hak howandar çykýarsyňyz. Ine, biziň obamyzdanam ýüzden gowrak adam siziň ýanyňyza delalat isläp gidip, köp-köp baýlyga eýe bolup dolandylar. Siz Zamahşar sebitinden diýip baranlaryň ählijesine eýe çykyp, olaryň işleriniň şow almagyna hemaýat edipsiňiz. Oglum Imanyň ölümi üçin siz özüňizi müýnli saýyp ýörmäň, Altynjan melike. Ýok, onuň ölmeginde siziň günäňiz ýok. Onuň ölmegine bir haramzadanyň zäheri sebäp boldy. Meniň duşmanym Imana çalynmaly dermanlyk ýaga awy garypdyr. Bizem muny bilmändiris...

Altynjan Iman hakda uzak gürrüň edilmegini islemedi:

– Enşa, ähli zat gowulyk bolar.

– Ýok, ýok, näme bolsa bolar, ýöne biziň öýümizde gowulyk bolmaz! Haýsydyr bir ýaman pygylly kişi biziň neberämize betdoga okapdyr. Şonuň üçin biziň neberämiziňki diňe gaýtgynyna. Bu pelekde adalat ýok. Hana, Keski Kelew! Gör, ol öz döwründe näçe kişä ýamanlyk etdi. Siz toý edeniňizde Şamäligiň öňüne düşüp gelen, sekiz müň bigünä bendäniň ölümine sebäp bolan hem Keski Kelew bolmaly. Seniň babaň ölümine-de şol sebäp boldy. Mundan bir hepde öň ol meniň ýanyma gelip gitdi. Afrasýap şalygynyň emiri eken, wezir eken ol. Baýamak baýapdyr. Keski tetelliler-ä baýaýar, bizem dişimiziň suwuny sorup otyrys. Ol maňa ýigrimi çelek çakyr getiripdir, getirensoň, men onuň çakyrlarynyň baryny hendege dökdüm. Men bilýän, onuň getiren çakyry – zäherli bolmaly. Ol meni öldürjek bolýar.

– Ol siziň dostuňyz ahyryn!

– Men onuň bilen hiç wagtam dost bolan däldirin. Ol Abdylmäligiň dostudy.

Altynjan durmuşa çykanda Keski Kelewiň getiren çelek-çelek şerabyny ýatlady. Ol çelekleri Abdylmälik han Janahyr halwaçynyň islegi boýunça ýere gömüpdi. Ol çelekler şindem gömülgi ýatan bolmaly.

– Gazanpar Takyň güni nähili?

Halwaçy uludan demini aldy:

– Meniňkiden başgalaryňky gowy.

– Ýogsa-da, Janahyr daýy, Anuşirwan dagy köpeldi. Göwheraýyň ýagdaýy, çagasynyň ýagdaýy gowy.

– Hany, olar?

– Nesip bolsa, şu gün ýa ertir gelerler.

– Ýok, ýok, gyzym gelmesin. Men gyzymdan geçýärin. Maňa onuň ýaly gyz gerek däl, gelse, diňe giýewim gelsin!

– Wa-weýla, näme boldy?

– Näme bolandygyny bilýänsiň, aýdandyr ol aýjyn.

– Ýok, Göwheraý aýdanok.

– Aýdandyr, aýdandyr.

– Nämäni?

Halwaçynyň birden ýüzi ýagtyldy:

– Nämedigi ýadymda ýok häzir meniň. Garrasaň, huş galmaz eken.

– Ogul agtygyňyz boldy. Adyna Tümen daýymyň adyny dakdyk.

– Kimiň?

– Tümen daýymyň adyny dakdyk: Tümen.

Janahyr halwaçy sesini çykarman, başyny aşak salyp esli salym durdy.

Altynjan hatyn gaýtjak bolanda Janahyr halwaçy kän-kän alkyşly sözler aýtdy:

– Altynjan melike, ömrüňiz uzak, işiňiz rowaç bolsun! Siziň gelendigiňizi, Şamäligi kowandygyňyzy eşidip çoh hursant bolduk. Men bütin ömrüme halwa ýasap satdym. Düýn siziň gelendigiňizi eşidip, size niýetläp ýörite halwa taýýarladym. Çoh süýji halwa bu, iýseňiz, hezil edinersiňiz. Biraz garaşyň, men häzir size şol halwaňyzy getirip bereýin. Özüňiz geldiňiz – gowy boldy. Ýogsam özüm baryp, elin gowşuraýyn diýip otyrdym.

Janahyr halwaça jan-gaýrat geldi, süňňi ýeňil gopdy, yh-çohlap duran goja ylgap diýen ýaly gitdi. Sähel salymdanam ak düwünçekde halwa getirdi.

– Towakga edýärin, Altynjan melike, iýiň, hökman iýiň! Agzyňyzda erär durar. Goý, giýewim Anuşirwan bilen Göwheraýam iýsin. Agtygyma-da dadyryň, hezil ederler.

– Taňryýalkasyn, halwaçy daýy!
– Çoh süýjüdir, çoh datlydyr. Bir iýseňiz, soňam iýesiňiz geler durar. Isleseňiz, men soňam ýasap bererin.
– Taňryýalkasyn! Anuşirwan daga-da bererin!
– Beriň, hökman beriň. Hökman dadyp görsünler.
– Siz meni rahatlandyrdyňyz, halwaçy daýy. Menden kine saklap ýörensiňiz öýtdüm.
– Ýok, men kine saklaýan adamlardan däl!
Altynjanyň aty tebil tapdy. Halwanyň ysy, megerem, ata hoş ýakan bolarly, ol halwaly düwünçege bakan boýnuny uzatdy, jylawdan berk çekilýändigine seretmezden zol-zol agzyny açyp, halwaly düwünçege bakan omzady.
Altynjan halwaly düwünçegi Kabyla berdi. Şondan soň ýola düşüldi.
Janahyr halwaçynyň keşbi Altynjanyň aňyndan ýolboýy aýrylmady. Näme üçindir, halwaçy Altynjana syrly göründi. Ýogsam arada üýtgeşik gürrüň-de bolmady.
Zamahşara gelenlerinde Altynjanyň münüp gelen bedewi ýene halwaly düwünçege boýnuny uzadyp, zol-zol hokrandy.
– Kabyl, meniň atyma bir tokga halwa ber – diýip, hatyn atdan düşdi.
At wagşyýana ses edip, halwany iýdi.
Halwanyň ýakymly ysy bardy. Bu ys  hoşuňa gelýärdi, işdäňi açýardy.
Ata bir tokga halwa beren Kabyl özi hem iýmek üçin düwünçekden ikinji tokgany eline aldy.
Ol halwany ýaňy agzyna ýetiriberende Altynjanyň aty pasyr-pusur ýatdy.
Bu ahwalaty gören Altynjan Kabylyň eline kakdy:
– Saklan! Iýme!
– Näme boldy?!
– Halwa zäherli!
Halwadaky awy gaty güýçli bolmaly, at janawer aýagyny birki gezek hereketlendirip, hokranyp, derrew jan berdi.
Altynjan tas uly betbagtlyga elten halwaly düwünçegi Kabylyň elinden kakyp aldy-da, honda zyňdy.
– Eý, Hudaý, bu nähili ahwalat boldy? Teý akylyma syganok meniň. Teý ynanyp bilemok. Wa-weýla, men adam tanamaýan ekenim. Men halwaçyny bütin ömrüne perişde ýaly hasaplaýardym. «Hydyr diýenim hyrs çykdy» – diýip, Kabyl hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady.
– Menem tanamandyryn ony – diýip, Altynjan Kabylyň sözüni makullady.
Janahyr Geçdekini tutup getirmek üçin emir Dürnazar ýola düşdi.

* * *

Janahyr halwaçyny derýadan aňry geçjek bolup durka tutup, Altynjanyň ýanyna getirdiler.
Janahyr Geçdeki hälki sypaýy halwaçy däldi: gözünde wagşylyk, ýigrenç bardy.
– Eý, halwaçy, bu näme etdigiň seniň?!
– Bagty çüwen ganjyk diýerler saňa!
– Meniň bagtymyň çüwmeginden size zyýan gelenog-a?! Gaýtam, peýda gelýär!
– Bagty çüwen, kellesi şemally ganjyk! Näme üçin sen menden, meniň neberämden, meniň ogullarymdan mertebeli bolmaly?! Näme üçin?! Öýümde seniň ýaly urkaçydan dördüsi bar. Näme üçin olar seniň ýaly mertebeli däl? Näme üçin Abdylmälik sebite han boldy? Tümenjik näme üçin meniň üstüme gygyrdy?! Ä? Näme üçin? Sebäp onuň bagty çüwdi. Ol menden baý boldy. Näme etsem, jezasy bolmaz öýtdi. Eden etmişi üçin jezasyny alandyr ol menden.
– Äh-ä, daýymy öldüren, gör, kim eken?!
– Näme, onuň eden etmişi jezasyz galmalydymy?
– Siz oňa töhmet atypsyňyz.
– Sebäbini bileňokmy?
– Bilemok.
– Ol mençe akylly däldi. Men arap dilini bilýärin. Men sogd dilini bilýärin. Tümeniň welin, bilýän dili ýokdy. Hudaý näme üçin sizi gowy görýär? Näme üçin? Näme üçin siz mertebeli hem baý ýaşamaly? Men bütin ömrüme işledim. Bütin ömrüme! Gazanan zadym bolmady! Sen welin, adamlara haltalap dinar paýlaýarsyň. Ýigrenýärin men seni! Ýigrenýärin!
– Eprikogullary neberesiniň başyna düşen kysmaty – betbagtlygy az gördüňizmi?

– Az, az! Wa-weýla, hasrat-a, Alla näme üçin Bugrajygy aman goýdy?!
– Ol size ýamanlyk etdimi?
– Ýamanlyk etdi!
– Näme?
– Onuň ýamanlygy neberesiniň işleriniň küşatlygy!
– Başga?!
– Näme, şuny az görýärsiňmi?
– Biz size hiç wagt azar bermedik ahyryn!
– Menden bagtly ýaşadyňyz. Işleriňiz mydama şow tapdy.
Dürnazar Altynjan melikä ýüzlendi:
– Altynjan, sen näme üçin munuň bilen gürleşip dursuň?
– Dur, dur, men düşünmek isleýärin.
– Ähli zat düşnükli. Tümen begi öldürende: «Men – Togrul!» diýip gygyranam şu halwaçy bolmaly.
– Men gygyrdym! Men! Öldür öldürýän bolsaň! Wah, men armanly ölmeli boldum. Armanym galdy, armanym! Anuşirwan bilen şu urkaçyny öldüren bolsadym, onda bu dünýäde armanym galmazdy.
– Indi gyzyň Göwheraýy näme üçin ýigrenendigiň, ondan geçenligiň düşnükli: sen gyzyňa Anuşirwany öldürtmek isläpsiň. Göwheraýam seniň bu islegiňe garşy çykan bolmaly – diýip, Kabyl Janahyr Geçdekiniň alkymyna dykylyp bardy.
– Eýsem näme! Siz ýaly nejisler bilen guda bolmak isländir öýtdüňmi?
– Biz näme üçin nejis?!
– Nejis siz, nejis! Siz gyzymy azdyrdyňyz. Ol öň meniň sözümden çykanokdy. Başda ol maňa söz beripdi. Soň sözünden dändi, heleýligini etdi. Wah, ol Altynjan bilen ärsumagyny öldüren bolsady!..
– Öldüriň! – diýip, Kabyl haşymlaryna buýurdy.
– Ýok, ýok, saklanyň! Muny öldürmäň!
– Näme, näme? Altynjan, saňa näme boldy?
– Maňa bolan zat ýok.
– Onda näme üçin: «Öldürmäň» diýýärsiň?
– Muny biz öldürmäli. Muny halkyň näleti öldürsin. Bu öz-özüni öldürer. Sen munuň gepläp duranyna bakma! Bu eýýäm öli.
– O nähili öli?!
– Munuň ruhy bireýýämler ölüpdir. Teniniň ölmegine-de azajyk wagt galypdyr.
– Men-ä saňa düşünýän däldirin, Altynjan.
– Sen meniň aýdanymy et, Kabyl! Halwaçyny goýber. Goý, gitsin. Öz etini özi iýibem öler bu.
– Sen munda ynsap-iman bardyr öýdýärsiňmi?
– Kabyl, meni diňle! Halwaçyny goýber! Goý, gitsin! Galada gan dönülmesin!
Altynjan Janahyr halwaçynyň bolşuna gaty haýran galdy hem ömründe, megerem, ilkinji gezek ynsan ýüreginiň aýrylmaz kiri bolan göriplik barada çyndan hem çuňdan pikir etdi.
Eýse nä, adamyň ýaramaz häsiýeti bolan göripligiň ýaşaýyş, rysgal, dereje ugrundaky göreşde tas tebigy esaslary bar. Durmuş adamlaryň biri-birinden kem galmazlyk üçin edýän talaplaryna esaslanýar. Günüň aşagyndaky orun üçin alnyp barylýan göreş adamdaky basdaşlyk duýgusyndan uç alyp gaýdýar. Megerem, basdaşlyk diňe ynsana däl, eýse külli janly-jandara mahsusdyr. Her kim ýaşajak, her kimiň hut özi Günüň edil öňünde orun edinmek isleýär. Isleglerin şeýle umumylygy, her kime-de degişliligi, deňligi Alla tarapyn berilýän rysgalyň hem mal, wezipe, dereje, mertebe paýynyň deň däldigi bilen çapraz gelýär. Şeýdibem basdaşlyk – tebigy göreş, ýaryş duýgusy göriplige ýazýar. Onsoň yzda galan, kem galan ynsanlar özleriniň şeýle ýagdaýyny – kysmatyny adalatsyzlyk hasaplap, öňe çykanlara ýaramazlyklar edýärler. Bu juda ýaramaz netijelere, uly erbetliklere alyp barýar.
Adamlaryň biri-birine edýän ýamanlyklarynyň bary göriplikden. Durmuş – paý, paýlaşylýan närse. Paýlaşyk bar ýerinde basdaşlyk hem göriplik gutulgysyz zat. Özgä göriplik etmeýän adamdan hiç mahal erbetlik çykmaz. Göripden bolsa gowulyga garaşma. Adam arasyny dil däl, gara ýürekler bozýar. Durmuş dowam etse, ýaryş bolar, ýaryş bar ýerinde basdaşlyk bolar, basdaşlygam göriplige geçmän bilmez. Eý, Alla, bu erbetlik gowulyk ýaly hemişelik diýmek bolýar!

* * *

**Halwaçy yzyna garaý-garaý gitdi.**

**Göwheraý gözüne ýaş aýlap, Anuşirwan bilen Altynjanyň duran ýerine geldi:**

**– Men ähli zady eşitdim. Bu zatlardan soň men ýaşamak islämok. Maňa iň soňky hemaýatyňyzy ediň! – diýip, Göwheraý goltugyndan çykaran hanjaryny Anuşirwana uzatdy.**

**Howlynyň içinde adam kändi, olaryň galabasy mufratlardy, serkerdelerdi, hyzmatkärlerdi. Olaryň ählisiniň nazary Anuşirwan bilen Göwheraýdady.**

**Göwheraý gujagynda saklap duran ogluny eda bilen ýerde goýdy, soňam kybla bakyp, kelemesini öwürdi.**

**Anuşirwan Asmana seredip biraz salym durdy, birdenem aýylganç gygyryp, hatynynyň towakgasyny bitirdi.**

**Ýerde ýatan çagajyk aýylganç bir zadyň bolandygyny aňan dek aglamaga başlady.**

**Altynjan çagajygy ýerden göterip elewredi:**

**– Çagajyga – Tümen daýyma el degirme!**

**– Ýok, ýok, lalam! Siz maňa bu gezek garşy çykmaň! Men siziň pendiňizi tutman, uly ýalňyşlyk goýberdim. Indi şol ýalňyşlygy düzedeýin. Şol ýalňyşly**k bilen baglanyşykly arada hiç bir zat galmasyn!..

* * *

**Togrul beg Horezmini öz tabynlygyna geçirip, Çagry beg bilen Merwe dolandy. Iki dogan bir aýlap meýlisde boldy.**

**Çagry beg Alparslanyň üç ýylda lalalykda bolup, kämil çykandygy üçin Togrul bege minnetdarlyk bildirdi.**

**Togrul beg Merwde diňe bir dynç almady, ol ýerden söwda ýollaryny gowulandyrmak, olary peýdaly bolar ýaly etmek üçin nämeleriň zerurdygy hakda Çagry beg bilen pikir alyşdy. Birnäçe anyk netijä geldiler: nirelerde rabat, kerwensaraý gurmalydygynyň** geňeşini etdiler. Bu ugurdan üç ýüzden gowrak adamyny wezipä bellediler.

Merwden günorta gidýän ýoluň ugrunda – Balhda, Murgabyň kenary boýunça Faz Mehbiabatda, Karineýnde (häzirki Ymambabada); Merwiň töwereklerindäki Ashabatda, Oguz handa; Kasr-Ahnafda, Merwerrudda; Merwden Jürjaniýa gidilýän ýoluň ugrunda – Hurmuz, Farra (häzirki Kişmandepe şäherçesi) şäherinde, Saýfina sährasynda; Jeýhun derýasynyň Amuldan soňky akym ugrundaky şäherlerde – Wizada, Mardusda, Asbasda, Saýfinada, Tahyriýada, Jigerbentde, Darganda, Sadywarda, Hazaraspda; Jürjaniýadan Ýewropa gidilýän ýoluň ugrunda – Kätde, Jürjaniýada, Zenjanda (Bab-at-Türkmen), Habapda, Üstýurtda, Çinkde, Embuda; Merwden Dehistana barýan ýoluň ugrunda – Mehnede, Abuwertde, Nusaýda, Şähristanda, Dehistanda; Merw – Nyşapur ýolunyň ugrunda – Sarahsda, Uşturmaganda, Tilsitanedide, Daňdanakanda, Genigirdde; şeýle hem Merwden bir menzillik uzaklykdaky Diwan, Tahmalaj, Mansaf, Ahsa, Osman, Akyr şäherçeleridir kentlerinde, galalarynda täze kerwensaraýlary, kabaleleri – söwda merkezlerini gurmak karar edildi. Bu gurluşyklara sahyplyk etmek degişli häkimlere tabşyryldy.

Şalygyň umury sedaratynyň sahyplygyna bellenen Dodurga Merweziniň asly Merwdendi. Merwde onuň mülki, ümürsin baglyga çümüp oturan köşgi bardy. Togrul beg Merwde bolan günlerini Dodurga Merweziniň kaşaň köşgünde geçirdi.

Dodurga Merwezi – sowatly, ylymly adamdy, agrasdy, dymmady, kanunçyldy. Kanunçyllygy üçinem ony käbir wezir-wekiller halap baranokdy. Ol söhbetdeşliklere-de goşuljak bolmazdy, toý-meýlisde, söhbetdeşliklerde hiç kime goşulman başyny aşak salar oturardy.

Onuň ümi alyşýan ýeke bir adamy bardy, ol Togrul begdi. Ol bege düýrmegi bilen berlendi, edýän işine, Togrul bege wepalydy, köşkde iň owadan ýazýan hatdat hasaplanýardy.

Dodurga Merwezi begzada neberesindendi, hatyny hem begzada neberesindendi. Olaryň iki ogly bilen dört gyzy bardy.

Altynjan olarda bolan günleri sahybyň hatyny, gyzlary bilen ýakyndan tanyşdy. Ol bir gün sahybyň üçünji gyzy Gülaýymyň elinden şapba tutdy:

– Gülaýym, meniň saňa synym oturdy, sen meniň oglumyň gelni bolarsyň.

Derrew Anuşirwany tapyp getirdiler.

– Oglum, men saňa gelinlik tapdym.

Anuşirwanyň aňyndan Göwheraý aýrylanokdy, öýlenmek hakda entek pikir hem etmändi. Özüne galsa, Dürnazar sahybyň Dilber diýen gyzyna öýlenmekçidi, ýöne käbesine: «Ýok!» diýip garşy çykyp biljek däldi, ol näme etse, näme diýse ylalaşjakdygy gaty çynydy.

Anuşirwan özüne zor salyp gürledi:

– Käbäm, gaty owadan gyz saýlapsyňyz.
– Saňa ýaradymy?
– Ýarady, käbäm, ýarady.
Altynjan Togrul beg bilen Dodurga Merwezä Gülaýym üçin söz aýtdy.

* * *

**Toý uludan tutuldy. Ol ýedi gije-gündizläp dowam etdi.**
**Altynjan eden işinden razydy.**
**Ol Allatagalanyň özüne eçilen ýazgydyndan hem çäksiz razydy. Merwden Reýe gaýdylanda Zamahşarda bolan wakalary ýolboýy hakydasynda aýlady. Zamahşarlylara nepiniň degendigine, hemaýat edendigine, ata-enesine degsin edip sadaka berendigine öz ýanyndan buýsandy.**
**Altynjan bimahal teblehananyň demirgazyk tarapyndaky sütüniň aşagyna gömen gamçysyny-da tapyp aldy, ony bege görkezdi. Togrul beg gamçyny gören dessine tanady:**
– Şonda sen bu gamçyny menden näme üçin aldyň? Urmak üçinmi?
Altynjan utançly baş atdy:
– Başky pikirim ar almakdy, ýöne gözleriňize gözlerim düşende süňňüm lagşady gitdi.
Är-aýal gülüşdi.
Olar geçen günleri ýatlap, «Niredesiň Reý?» diýip ýola düşdüler.
Altynjan hatyn bedew atyny Togrul begiň sol tarapyndan sürüp barýardy.
Indi onuň durmuşynda täzeçe ýaşaýyş başlandy.
Ýa Hudaý, özüňden medet!

## On altynjy hekaýat

## TALAŇ SAÇAGY

Bu gün nowruz!
Bu gün täze ýyl!
Her ýyl hutuň[1] girmegi bilen nowruz – täze gün, täze ýyl başlanýar.
Täze ýylyň başlanýan güni – şalykda, esasan hem, köşkde köp-köp täzelikleriň başlanjak, yglan ediljek güni!
Köşk emirleri, wezir-wekiller bu güne barmak büküp sanap garaşdylar. Çünki Togrul beg öz öýünde her ýylyň nowruz güni ähli ýakynlaryny, köşk emirlerini çagyryp, uly toý berýär: talaň saçagyny toýuny[2] geçirýär.
Wagt geçse-de, döwür-döwran özgerse-de, Oguz handan başlangyç alan talaň saçagy toýy üýtgänokdy, özgerenokdy, ýöne ikinji müňýyllygyň başynda ynsan tebigatynda üýtgän, özgeren zatlar köp boldy.
Döwür görnetin üýtgeýär. Şu güne çenli adam adamyň guludy. Indi adam baýlygyň guluna öwrülýär. Adam adamdan tapýan wepasyny baýlykdan taparmykan?!

* * *

**Bu gün täze ýyl!**
**Täze ýyl – maksadyňa, ömrüňe ser salynýan gün!**
**Altynjan geçen nowruzdan bäri durmuşynda bolan özgerişlikleri birin-birin göz atuwyndan geçirdi.**
**Geçen nowruzdan bäri onuň durmuşynda nämeler boldy?!**
**Ol Zamahşara dolandy!**
**Zamahşara!**
**On ýyldan soň Zamahşar galasy ýene Abdylmälik ibn Bugrajygyň neberesiniňki, has takygy, Eprikogullary neberesiniňki boldy, ýöne indi ol ýerde ýaşara Abdylmäliklerden hiç kim ýok. Kim ýaşasyn?! Kabylmy? Ol Togrul begiň ýanyndaky ýaşaýşyny gowy görýär. Sadyllanyň öz dünýäsi bar.**

**Ol Zamahşara barmak islänok. Şamälik kowlandan soň, Sadylla Nyşapurdan Jürjaniýa gitdi. Ol ýene öňki medresesinde mederrislik edýär.**

**Tüweleme, ol üç ogluň, iki gyzyň atasy boldy. Bir aý mundan owal ol ikinji hatyn edinmek isleýändigini aýtdy. «Oguzlar – ot, olary bir hatyn kanagatlandyrmaýar, olara iki hatyn gerek!» Altynjan muňa garşy çykmady,**

**Goý, şeýle bolsun!**

* * *

**Altynjan bir ýylyň içinde köp darkaşa gatnaşdy. Özem samsam ýatagany bilen gönüden-göni darkaşa girdi. Gör, näçe ganymyň janyny jähenneme ýollady.**

**Megerem, Togrul patyşa talaň saçagy sebäpli hatynym Altynjan gynanar öýdýän bolarly, bir ýylyň içinde edilen işleri birki gezek sanap berdi. Görüp otursa, bir ýylyň içinde örän köp iş bitirilipdir!**

**Togrul beg gaty kän sebitleriň, welaýatlaryň, şäherleriň, kentleriň, galalaryň seljuk şalygyna tabyn bolandygyny, şeýle hem beýtilmalda näçe kurur dinaryň, dirhemiň bardygyny aýdýar welin, şükürler edýärsiň. Bu diňe Perwerdigär ýalkanda şeýle bolýar.**

**Beg: «Eger talaň saçagy toýuny etmedik bolsak, Allatagala bize beýle jomartlyk bilen eçilmezdi» diýip nygtaýar. Bu pikir Altynjana makul görünýär.**

**Adam pahyr hemişe öz paýyna düşeni az görýär, özgäniňki özüniňkiden has köpdür öýdüp pikir edýär. Tas her bir ynsana mahsus** bolan bu gylyk edil özge adam häsiýetleri ýaly, häkimlige täsir edýän zatlaryň biri. Häkimlik diňe bir adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny däl, eýse olaryň häsiýetlerini hem çyl-para açýar. Islegler, niýetler, päller, hyýallar hem duýgular häkimlige gatnaşykda aýan bolýar, onuň ykbalyna oňat hem ýaramaz tarapdan täsir edip durýar. Gadymy oguzlar şu hakykata uly ähmiýet berip, adamlaryň içki niýetleriniň, boluşlarynyň jemgyýetiň ýaşaýşyna edýän ýaramaz täsiriniň öňüni almak üçin, talaň saçagy diýen dessury oýlap tapypdyrlar: ýylyň belli bir gününde han öňünden yglan edip, öz öýüni adamlaryň ygtyýaryna berýär. Adamlar ol öýden öz alyp bilen zadyny alybermeli. Megerem, her gezekki talaň saçagyndan soň, adamlar-a öňküden rahat, han bolsa öňküden öz häkimligine has ynamly bolýandyr. Sebäbi mähelläniň: «Maňa az ýetdi, maňa az ýetdi» diýip urýan ýüregi hanyň zadyndan özüne-de paý ýetensoň, ynjalýandyr. Allatagala patyşa berýär, patyşa-da adamlara berýär. Şeýdip, Allanyň bermedigini adamlar handan alýarlar. Ýürekleri ynjalyk tapýar, duýgulary köşeşýär.

Talaň saçagy oguzlarda halk bilen hanlygyň biri-birine düşü-nişýänliginiň, ynanyşýanlygynyň alamaty, dessury bolupdy. Togrul beg bu däbi doly berjaý edýärdi. Adamlaryň patyşadan öz paýyny alyp galmak islegi ýerine ýetenden soň, häkimligiň öňküdenem berkejekdigini ol oňat bilýärdi. Şonuň üçin her gezek talaň saçagyna ol öz patyşalygyny berkitmek işine taýýarlyk gören ýaly taýýarlanýardy. Altynjan bu işe Togruldanam işjeň, içgin hem gyzyklanma bile taýýarlanýardy. Ol hem Togrul ýaly adamlara ýagşylyk etmekden çäksiz lezzet alýardy. Zat berip, onuň deregine has uly zeruryýeti – ynamy alsaň, bu söwdada utdugyň bolmazmy?! Püçek berip, ýüpege eýe bolmak akyllylykdan ahbetin!

* * *

**Daň**dan Togrul beg Altynjana ýüzlendi:

– Altynjan, täze ýyl düşümli bolsun! Allatagala saglyk bersin, rowaçlyk bersin!

– Agzyňyzdan Hudaý eşitsin, begim! Alla uzak ýaş bersin!

– Seniň bu ýylky altyn-kümüş şaý-sepleriň öňki ýyllardakydan, eger ýalňyşmaýan bolsam, has köp boldy.

– Geçen ýyl iki sandykdy. Her sandykda hem iki batman[3] şaý-sep bardy. Hudaýa şükür, bu ýyl diňe hedýe-engam berlen altyn-kümüş şaý-sepler alty sandygy doldurdy.

– Gynanýarsyňmy? – diýip, Togrul beg ýylgyrjaklady.

– Dogrymy aýtsam, gynanmanam duramok.

– Allatagala ýene, enşallasa, biriňi iki edip berer.

– Ylaýym, şeýle bolsun!

Her ýylyň nowruzynda edişleri ýaly, är-aýal öýlerindäki zatlary birin-birin gözden geçirmäge başlady. Özem jamehanadan başlady.

* * *

Günortandan tä ýarygijä çenli dowam etjek toý üçin taýýarlyk görülýärdi.

Gassaplar mal soýmaga ýarygije girişipdiler.

Ýüzden gowrak gassap ýetişibildiginden baga bakylan öküzleri, goýunlary soýup, hansalara tabşyrýardylar. Kakmaç-dyr çişlik bişirmäge, et gowurmaga, başga-da dürli-dürli etli tagamlary taýýarlamaga ökde adamlar bardy. Hansalar bilen emir çaşnigiriň ygtyýarynda müňe golaý adam işleýärdi. Olar soltanyň şu günki zyýapatyna geljek myhmanlaryň gowy iýip-içmegi üçin dürli tagamlary taýýarlamak bilen başagaýdy.

Bu günki zyýapata üç müňden gowrak myhman gelmelidi. Mundan-da başga şäheriň alty ýerinde sadaka bermek üçin taýýarlyk görülýärdi.

Bu gün tutuş Reý şäheri toý toýlaýardy.

Jarçylar köçeme-köçe aýlanyp, şu gün Togrul soltanyň talaň saçagy toýuny, ýagny rysgal toýuny berýändigini, bu toýa uzak ýerlerden myhmanlaryň gelendigini, hiç kimiň bu toýdan çetde galmaly däldigini jar çekýärdi.

* * *

**B**u mahal Togrul beg bilen Altynjan melike özleriniň iň ýakyn adamlaryny yzlaryna tirkäp, öz öýleri – otaglary, goş-golamlary bilen tanyşdyryp ýördi.

Altynjan hatynyň ýanynda soltanyň wezirleriniň hatynlary, şeýle hem Kabylyň, Anuşirwanyň hatynlary, akgyzlary bardy, ol olara özüniň jamer-jüpbelerini[4], altyn şaý-sepleriniň nirelerde durandygyny birin-birin görkezýärdi.

* * *

Günortanky namazdan soň toý başlandy.

Giden açyk meýdan toýa gelen myhmanlardan ýaňa myg berýärdi.

Adamlar jem bolup, buýsançlaryny mälim edýärdiler:

– Togrul bege salamat bolsun!

– Togrul bege salawat bolsun!

– Togrul bege sahawat bolsun!

Myhmanlary öz gulluk derejeleri boýunça aýry-aýry düşeklerde oturdýardylar. Togrul beg üçin taýýarlanan sypanyň ýakynyndaky düşeklerde wezir-wekiller, ilçiler, sahyplar oturmalydy.

Saçaklaryň üsti her hili nazy-nygmatlardan doludy. Togrul begiň gelip: «Nahara başlaberiň!» diýen sözüne garaşýan myhmanlaryň köpüsi hyrydar gözlerini saçakdan aýranokdylar.

Togrul beg köşgünden çykyp, uzakdan gelen myhmanlar bilen ýeke-ýekeden salamlaşyp, hal-ahwal soraşmaga başlady.

Myhmanlar, toýda hyzmat edip ýören hyzmatkärler, tertip-düzgüne gözegçilik edýän jandarlar birsyhly gygyrýardylar:

– Togrul bege salamat bolsun!

– Togrul bege salawat bolsun!

– Togrul bege sahawat bolsun!

Togrul beg hatar bolup duran adamlar bilen salamlaşyp, özüniň oturmagy üçin niýetlenilen ýere bardy.

Togrul begiň hatyny, nedimi, naýyby Altynjan melikäniň gelýändigi jar edildi.

Myhmanlar Altynjan melikäni hatyraladylar:

– Altynjan hatyna salamat bolsun!

– Altynjan hatyna salawat bolsun!

– Altynjan hatyna sahawat bolsun!

Altynjan melike lowurdap duran gyrmyzy zer eşikde yzyna kyrk akgyzyny düşürip, begiň garaşyp duran ýerine bardy.

Togrul beg hatynyny gülerýüz bilen garşylady, onuň oturmaly ýerini görkezdi.

Togrul begiň egin-eşigi juwar akdy.

Altynjan hatynyň eşigi goýy gyrmyzydy, aldy.

Togrul begiň ak, hatynynyň gyzyl eşikdeligi olara biçak gelişýärdi, olara seretdigiňçe seredesiň gelýärdi. Toýa gelen myhmanlar Togrul bege, Altynjan hatyna buýsanç bilen seredýärdiler.

Togrul beg hatyny bilen beýik sypada jaýlaşykly oturansoň, ýanyndakylara ýüzlendi:

– Başlabereliňmi?

– Siziň rugsadyňyza, nahara «bismilla» edip bermegiňize garaşýarys – diýip, dumly-duşdan seslendiler.

– Byradarlar, toýa uzakdan-u-ýakyndan gelen myhmanlar! Hoş geldiňiz! Bu gün hijri-kamaryň hutuna ýetdik. Täze ýyl. Täze ýylda her kişi geçen nowruzdan bäri eden işlerini Allatagalanyň mizanyna goýmaly. «Geçen nowruzdan şu güne – şu nowruza çenli nähili sogap işleri etmäge ýetişdim?!» Ine, şu sowaly her kim, ilki bilen, özüne, soň çagalaryna, hatynyna, öz garamagyndaky adamlara bermeli. Biz geçen geňeşimizde wezir-wekiller bilen jemlenişip, döwletimiziň bitiren sogap işlerini gözden geçirdik. Byradarlar, geçen nowruzdan bäri bitiren sogap işlerimiz az bolmandyr. Men ol bitirilen işleri birin-birin sanap, tagamy garaşdyryp oturmaýyn. Şu günki saçagyň başynda ýat adam ýok. Ählisi seljuk döwletiniň rowaçlygy üçin bütin başarnygy bilen yhlasly işläp ýören byradarlar. Bu ýerde oturanlar şalygymyzyň bitiren uly-uly işlerine gönüden-göni gatnaşan, ýolbaşçylyk eden adamlar! Bu ýerde oturan adamlar geçen bir ýylyň dowamynda köp-köp sogaplary gazanan adamlar! Bu ýerde oturan adamlar seljukly döwletiniň rowaçlygy üçin gerek bolsa şirin janyndan geçmäge taýýar adamlar! Agzymyzyň birligi, bir sünni maksady ugrundaky işlerimiz Allatagalanyň dergähinde ýalkaw alýar. Biziň baş maksadymyz gäwürleri toba getirmek,  olary musulman eýlemek, öz aralarymyzdaky ilata zulum edýän käbir kişileri bet pygyllaryndan saklamak, şeýdibem Allatagalanyň eçilen bäş günlük ömründe her bir raýatyň parahat, erkin, bol ýaşamagyny gazanmak. Ähli ýerlerde biziň bu tutumlarymyzy oňlaýarlar. Biziň bitiren işlerimizde şu oturanlaryň her biriniň belli bir paýy bar. Goý, öňümizdäki ýyl has pazylatly ýyl bolsun. Häzir umury sedaratyň sahyby Gurhan okasyn, soňundan nahara başlalyň.

Umury sedaratyň – döwletiň ýolbaşçylaryny taýýarlaýan hem olaryň işleýişlerine, kämillik derejelerine jogap berýän gullugyň sahyby Dodurga Merwezi tagamyň hormatyna Gurhan okady. Şondan soň Togrul begiň bissimillasy bilen nahara başlanyldy.

Toýuň beýemçileri üstaduddar Ärdeşir Magmarany bilen Anuşirwan ibn Tümendi. Olary beýemçiliginiň gowudygy, ähli kişiniň etmeli ownuk işlerine çenli öňünden anyklaşdyrylandygy görnüp durdy. Her kim öz etmeli işi bilen gümrady.

Ojar syhyna düzülen kakmaçlar, kebaplar şol durşuna saçaga äberilýärdi.

Hana, Togrul begiň öňüne eti böleklere bölünmän, bitewüliginde bişirilen bir goýun getirildi. Etiň ýekeje-de köýen ýeri ýokdy. Özem ol şeýlebir gyzaryp öwşün atýardy welin, seredip ýuwdunmazça däldi. Dok bolsaň, iýmän keýpine seredip oturmalydy.

Köşgüň sazandalary saz çalýardylar, pessaý sazda aýdym aýdylýardy.

Togrul begiň üstadudary, şerapdary[5] bir ýerde duranokdylar, olar saçaklardaky ýeter-ýetmezçilige esewanlyk edýärdiler. Nirede şerap, nygmat, iýip-içer ýaly zatlar azalsa, hyzmatkärlerine dessine habar berip, şol ýere gerekli zady getirdýärdiler.

Iýip-içmek uzaga çekdi.

Aýdymçylar gowudan-gowy aýdym aýdýardylar.

Seljuk begleriniň saçak başynda köplenç, aýdýan ýörgünli aýdymy başlandy. Bu aýdymy köşgüň aýdymçysy Säherhyz Burgan aýdýardy:

– Kazgurt tagdan öňer taşny ýugarlatdy,
Salur Gazan ötrüw baryp garbap tutdy.
It bejene görüp any essi gitdi,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Oturan myhmanlar soňky setiri öz ýanlaryndan gaýtalap, gapdalynda oturana gözlerini tegeläp seretdiler. Myhmanlar beýle adamy görmändiklerini aýdyp, başlaryny ýaýkadylar, gygyryşdylar.

– Gazan kibi alp olmaz!

Aýdymçy aýdymyny dowam etdirdi:

– Bir gazanga kyrk bir atnyň etin saldy,
Ol gazanny sag elgi birle aldy.
Sag elgi birlen illerge üleştürdi,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Myhmanlar ýene başky hereketlerini gaýtaladylar: başlaryny ýaýkaşyp, gapdalynda oturanlara ýüzlendiler. Ähli kişi Gazan kibi äri öňde-soňda görmändigini tekrarlady:

– Gazan kibi alp olmaz!

Säherhyz Burgan barha joşup aýdýardy:

– Otuz-kyrk müň leşger birlen Gazan baryp,
It bijene illerini keldi gyryp.
Birnijesi gutuldylar köp ýalbaryp,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Toýa gelen üç müňden gowrak myhmanyň ählisi aýdyma goşulýardy. Diňe bir myhmanlar däl, wezir-wekiller hem goşulýardylar. Bu aýdyma Togrul beg bilen Altynjan hatyn-da goşuldy.

– Gazan kibi alp olmaz! – diýip, Togrul soltanyň goşulmagy bilen üç müňden gowrak myhman, müňden gowrak hyzmatçy sesiniň ýetdiginden zowlatdy.

Säherhyz Burganyň ýanyna Togrul begiň ynagy Ýusup Bazyrgany bardy. Ol aýdymy özüniň dowam etdirjekdigini mälim edip, myhmanlara birlaý seredip çykdy. Soňam aýdymy öz düzen setirleri boýunça dowam etdirdi:

– Alplar alpy Gazan begden pata algan,
Masut birle Şamälikni zut gaçyrgan,
Horasanda, Ajamda şalyk döretgen,
Alplar, begler, görgen barmu Togrul kibi?

Myhmanlar biygtyýar ör turdular, biri-birlerine buýsançly bakyp, sesleriniň ýetdiginden gygyrdylar:

– Togrul kibi alp olmaz!

– Togrul kibi alp olmaz!

Ynak Ýusup Bazyrgany ýene dowam etdi.

Ol Seljuk begden terbiýet alan, Allatarapyn kalbyna pazylatlyk guýlan, Derwezata şalygyny döredip, ýedi yklyma patyşa bolan, goýun bilen gurdy bir ahyrdan suw içiren Togrul begden başga soltan barmy diýip soraýar.

Myhmanlar ýene jem bolup Togrul kibi başga şanyň ýokdugyny, bolup-da bilmejekdigini, Allatagalanyň Togrul begi külli musulmana bagtyýarlyk üçin gönderendigini tekrarlaýardylar.

Ýusup Bazyrganynyň göçgünli çykyşyndan soň rakys oýny başlandy.

Günüň ýaşyp gelýän çagy Togrul beg Altynjana ýüzlendi:

– Hatyn meniň, garaňky düşmezden burun myhmanlara izin bersek, niçik bolar?

Altynjan begiň sözüni unap baş atdy.

Soltan ör turdy:

– Byradarlar! Nowruza, täze güne ýüzümiz düşdi. Biribar bizi mydama öz ýalkawynda ýene kän-kän nowruzlara ýetirsin! Allatagala ryskymyzy boldan eçilsin. Men – Perwerdigäriň Ýerdäki wekili. Perwerdigäriň eçilen nygmatlaryny size paýlamak – meniň parzym. Elbet, Taňrynyň bereni doýumlyk, bendesiniňki – dadymlyk. Perwerdigär size doýumlygam, dadymlygam boldan eçilsin. Biziň her birimiz özümizi Perwerdigäriň ýalkaýandygyny oraşan duýýarys. – Togrul beg sözüne biraz dyngy berdi. – Eý, byradarlar, hany, aýdyň, Perwerdigär bir ýylyň içinde eçilen nygmatlaryny, baýlyklaryny bermänem – rysgal eçilmänem bilerdimi?

Seljuklylar bir demde jogap berdiler:

– Bilerdi!

– Rysgal eçilmedimi?

– Rysgal eçildi, Alla bizi ýalkady!

– Nahanlykda üstümize ýagy gönderip, ähli zadymyzy weýrana salyp bilerdimi?

– Bilerdi!

– Weýrana saldymy?

– Weýrana salmady, ýalkady!

– Öýümizdäki zatlarymyzy bir näkes ogra towsa göterdip bilerdimi?

– Bilerdi!

– Towsa götertdimi?
– Towsa götertmedi, ýalkady.
– Sil-harasat gelip, öýümiz ýumrulyp bilerdimi?
– Bilerdi!
– Sil-harasat geldimi?
– Ýok, Alla bizi ýalkady.
– Ýer goduklap, öýlerimizi hopduryp, başymyza betbagtlyk getirip bilerdimi?
– Bilerdi!
– Ýer godukladymy?
– Ýok, ýer goduklamady, Alla bizi ýalkady.
– Bir tötänlik bilen öýümiz ýanyp, sähel salymda ähli zadymyz küle öwrülip bilerdimi?
– Bilerdi!
– Ýangyn boldumy?
– Ýangyn bolmady, Alla bizi ýalkady!
– Meniň eziz raýatlarym. Ýurduň ähli günä-sogaby patyşanyň gerdenindedir. Şalykdaky raýatlaryň her bir etmişiniň hasabaty Magşar güni patyşadan soralýandyr. Ýurduň rysky – patyşadadyr. Ýurduň bereketi – patyşadadyr. Oguz han hak aýdypdyr: Hudaýtagala haýsy halky ýalkajak bolsa şoňa gowy patyşa berer. Rysky goşalap berer. Mallar gowy tohum berer. Ýerler gowy hasyl berer. Siziň özüňiz görýärsiňiz, men öz raýatlarymyň bolçulykda, parahatçylykda ýaşamaklary, tutumlarynyň rowaçlanmagy, yslam dünýäsiniň giňemegi üçin ýaşaýaryn. Özüm üçin däl, men siziň bagtyýarlygyňyz üçin ýaşaýaryn, byradarlar. Siz hursant bolsaňyz – bu meniň hursantlygymdyr. Men siziň has gowy ýaşamagyňyzy isleýärin, eziz byradarlar.
Togrul begiň sözi bölündi, adamlar gygyrmaga başlady:
– Beýik Muhammet Togrul bege salamat bolsun!
– Beýik Muhammet Togrul bege salawat bolsun!
– Beýik Muhammet Togrul bege sahawat bolsun!
Seljuklylar bu üç alkyşyny üç mertebe gaýtaladylar.
Togrul patyşa sag elini ýokary göterdi. Seljuklylaryň arasyndaky gowur kiparlady. Patyşa sözüni dowam etdirdi:
– Meniň eziz byradarlarym! Perwerdigär maňa, meniň raýatlarym bolan size gülüp bakdy. Geçen ýyl Perwerdigär bizi ýalkady, her hili bela-beterlerden daş eýledi. Gazanjymyz duşmanlarymyza däl-de, özümize siňdi. Goý, täze ýylda-da rysklarymyz goşa-goşadan gelsin, özümize siňsin! Ýeneki ýyllarda-da şeýdip talaň saçagy toýlaryny geçirmek nesip etsin! Duşmanlardan goranmaga Allatagala bize ägirt uly güýç-kuwwat bersin! Täze ýylymyzy beýik Haktagala berekete, sahawata doldursyn. Rowaçlygyň, sahawatyň, salawatyň, bolçulygyň alamaty bolan talaň saçagyny geçirmäge Taňry berk jan saglyk, ömri-deraz bersin. Saçaklaryňyz doly, bereketli bolsun! Bu günki toý her biriňize rowaçlyk getirsin! Talaň saçagyndan alan her bir zadyňyz rysgal-döwletiňize joş bersin. Şa saçagyndan alan her bir zadyňyz her biriňiziň öýüňizi şa ryskyna, şa sahawatyna beslesin, müňlesin! – Togrul patyşa Altynjana seretdi. – Byradarlar, öýi öý edýän hatyndyr. Öý-ojak üçin iň köp alada, yhlas edýän hatyndyr. Guş bir ganat bilen uçup bilýän däldir. Guşuň uçmagy üçin iki ganatyň gerek bolşy ýaly, maşgalanyň maşgala, öýüň öý bolmagy üçinem ikinji ganat – hatyn gerekdir. Ýalňyz kişi bagt tapyp bilmez. Ýekelikde bagt ýokdur, bagt jübütlige barýandyr. Bagt jübüt ýaşalýan gapa barýandyr. Ýanýoldaşy gowy kişi uzak ýaşar. Talaň saçagy toýuny geçirmek diňe bir meniň däl, hatynym, nedimim Altynjan hatynyň hem pikiridir. Resime başlamaga ygtyýary Altynjan hatyn bersin!
Altynjan hatyn ör turdy. Adamlara bakyp, çala baş egip, tagzym etdi:
– Adamlar, her bir adamda üç sany mukaddeslik bolýar. Olaryň birinjisi, Allatagaladyr. Ikinjisi, seni dünýä inderen ata-eneňdir, üçünjisi, ýurduň patyşasydyr. Adamyň nähili adamdygyny şu üç mukaddeslige goýýan hormat-gadyry bilen kesgitläp bolar. Şu üç mukaddeslige sygynan, gadyr-yzzat goýan kişi hiç wagt hiç zada hor-zar bolmaz. Muhammet Togrul beg – beýik patyşa, Allatagalanyň nazar salan, ýalkan patyşasy! Bu beýik patyşaga sygynan adam ýalkanar, döwlet tapar. Biziň mertebämiz (bagtymyz), ryskymyz patyşamyza goýýan sylagymyzdadyr.
Seljuklylar Altynjan hatynyň sözlerine goşuldylar:
– Beýik Muhammet Togrul bege salamat bolsun!
– Beýik Muhammet Togrul bege salawat bolsun!
– Beýik Muhammet Togrul bege sahawat bolsun!
Bu alkyş üç mertebe gaýtalandy.

Altynjan:
– Razy – diýdi.
Togrul beg:
– Razydyrys. Başlaberiň! – diýdi.
Är-aýal tirkeşip ýöräp ugrady.

* * *

**To**grul beg weziri Abylkasym Buýany bilen Bekdaş Rudbara ýüzlendi:
– Daňdana çenli gözegçiligi gowşatmaň! Hiç hili dawa-jenjel bolmasyn!
Umury istihbarat sahyby Bekdaş ähli zadyň gülala-güllük boljakdygyny nygtady. Wezir Abylkasym Buýany:
– Rahat dynç alyň! Bu ýyl geçen ýyldaky säwlige ýol bermeris – diýip, sahybyň sözüni goldady.
Olaryň ýanlarynda diňe haşymlary bardy.
Geçen nowruzdaky talaň saçagynda iki emir zadyň üstünde dawalaşyp biri-birine tyg çekipdi. Şonda olaryň biri wepat etdi, beýlekisi agyr ýaralandy, ömürlik maýyp boldy. Biri-biri bilen ýakalaşan adamlar hem kändi, dawalaşan hatynlar-a hasam kändi. Diňe bir adamlar däl, nireden gelendigi belli bolmadyk ýigrimi-otuz it, şonçarak-da pişik daşişikde tä daňdana çenli alazenzele bolup garpyşypdy.
Uruş alan-aldy edilen baýlyklar üçin turupdy.
Baýlyk – kim öň alsa şonuňky.
Sähel salymlyk alan-aldylykda sylaşyk ýitýär.
Adam adamyň üstüne topulýar. Her kim aljak, özem köp aljak. Her kimiň diňe özüne gerek, özem ähli zat gerek. Adamyň ýaradylyşy şeýle. Hut şonuň üçin hem şalyk döredilýär. Şalygyň emeldarlary adamlaryň baýlyk üçin biri-birini öldürmezliklerini ýola goýmaly. Şalyk kada-kanun çykaryp, adamlary şol kada-kanunyň çäginde ýaşadýar. Şalyk – boýuntyryk.
Togrul beg her nowruzda şol boýuntyrygy bilgeşleýinden aýyrýar. Şeýdibem boýuntyryk – hökümet bolmasa, ýaşaýşyň nähili elhençlik boljakdygyny görene göz edýär.
Elbetde, her kime bir zady paýlap berseň, ýakalaşyk-da, uruş-da boljak däl. Ýöne Togrul beg Oguz handan şu güne gelen bu resime täzelik, özgerişlik girizmekden saklanýardy. Oguz han döwründe talaň saçagynda adamlar baýlyga, zada häzirki deýin açgöz topulmaz ekenler. Wagt geçdigisaýyn adamlar wagşylaşýan ýaly görünýär. Göräýmäge, döwür-döwran geçdigiçe adamlar durmuşa çuň düşünýän ýaly, ýöne tersine...
Togrul beg adamlaryň bolşuna seredýär.
Ertirki gün gürrüňini edere nämedir bir zatlar bolsun!
Goý, ýakalaşsynlar!
Tomaşa bolsun!
Altynjan hatyn başda talaň saçagyndaky tarhandökerlige, dogrusy, gynanmak gynanardy. Indi welin, bu resime öwrenişip gidipdir. Talaň saçagy bolmasa, bir ýylda şeýle köp işler bitirilmejek ýaly duýulýar.
Allatagala her günde her bendesiniň kalbyna ýetmiş gezek seredip görýärmiş. Ol içiňe ýetmiş gezek seretse, seniň näme pikir edýäniňem oraşan biler, Altynjanyň, Togrul begiň her bir işi ýürek bilen edýändiginem oraşan görer. Eýsem näme! Altynjan on ýyllap gursagynda göteren maksadyna ýetdi. Bu dünýäde maksadyna ýetip bilmän ýurduny täzeleýänler köp ahyryn! Ol welin, maksadyna ýetdi. Onda-da aňryýany bilen ýetdi.

* * *

Togrul beg bilen Altynjan Anuşirwanyň öýüne bardy. Olar talaň saçagyndan çykyp bu ýere gelmek babatda öňünden gürleşipdiler, öýde gerekli taýýarlyk görlüpdi.
Öýde hyzmatkärler bardy. Anuşirwan bilen hatyny Gülaýym begiň öýünde talaň saçagyna galypdy.
Togrul beg Altynjana seretdi-de, bilindäki syrma ýataganyna el ýetirdi. Altynjan soltanyň maksadyna düşündi: ýataganyny eline aldy.
Gylyçlaşyk başlandy.
Olar gazap bilen gylyçlaşýardylar. Öýdäki hyzmatkärler näme etjeklerini bilmän öwelip, seredip durdylar.

– Sag bykynyň goragsyz dur, ony meniň üçin goragsyz galdyrdyňmy? – diýip, beg gylyçlaşyp durşuna hatynyna habar gatdy.
– Göräýmäge, begim, goragsyz ýalydyr. Aslynda bolsa, Togrul begiň hatyny Altynjanda goragsyz zat ýokdur.
– Ony häzir görkezäýerin.
– Begim, ýok zady görkezip bolmaýar.
– «Ýok zady görkezip bolmaýar» diýýärsiňmi? Ynan, goragyň ýok.
– Men bütin ömrüm goragly.
– Mugyra gelen ýeriň bolmadymy?
– Ýeňlen ýerim boldy, bir gezek bir pählewan gerçekden ýeňildim.
– Kimkä ol sizi ýeňen gerçek?
– Oňa Muhammet Togrul beg Seljukly diýýärler.
– Şeýlemidir asyl?!
– Hut şeýledir, begim.
Ýataganlardan ot çykýardy. Aýagy nämedir bir zada ilteşen beg hazzar ýykylman saklandy. Altynjan hüjüm etjek bolman, begiň aýagyna ilteşen zady aýyrdy, soňam hüjüme garaşdy.
– Sen näme üçin pursatdan peýdalanmadyň?
– Begiň hatynyna onuň ýaly pursatdan peýdalanmak uslypmydyr?!
– Siz begiň hatynymysyňyz?
– Ýeke-tägidirin, begim!
– Aperin, aperin!
– Goragsyz sag bykyn diýeniňiz şu ýerimi? – diýip, Altynjan bir towsanda ýataganyny begiň sag bykynyna çala dürtdi. Beg ýataganyň öňünden sowulyp ýetişdi, iki-üç ädim gapdala çekildi:
– Niýetiň-ä erbet däl.
– Begiň hatynynyň erbet zady bolmaz.
– Şeýlemidir?
– Şeýledir.
Gazaply darkaş ýitileşdi. Iki tarap hem bar güýji bilen gylyçlaşýardy.

**(Ikinji kitabyň soňy).**

## DÜŞÜNDIRIŞLER

### Sekizinji hekaýat

1. **Melikul-mülük** – patyşalaryň patyşasy.
2. Faruk Sümer. Oguzlar – türkmenler.
3. **Syrtlan tilsimi** – syrtlan haýsy jandary awlajak bolsa, mydama onuň syrt, arka tarapyndan duýdansyz gelip topulýar. Ata-babalarymyz syrt tarapdan gelip awa topulýandygy üçin bu ýyrtyja syrtlan diýip at beripdirler.
4. Ýakut Hamawy. Ýurtlaryň sözlügi. (Türkmen obalary)
5. Bu maglumat Muhammet ibn Aly ibn süleýman Rawendiniň "Göwünleriň rahaty – şatlyklaryň ganaty" atly kitabynyň birinji jildinden alyndy.
6. **Rahhaj** – Käbiliň (Kabulyň) golaýynda ýerleşýän şäher.
7. Abu Nasr Faraby. Makalalar ýygyndysy: «El-Medine El-Fazyla».
8. **Jylawdar goşun** – merkezdäki atly goşun.
9. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
10. **Mizrak** – gönder, naýza, jyza. Uzyn saply, süýri demirli uruş guraly.
11. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
12. **Horasan** – «Günüň dogýan ýeri» diýen manyny aňladýar.
13. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
14. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
15. **Salar-buzgan** – şäheri goraýan goşunyň serkerdesi.

16. Bu maglumat awtory näbelli meşhur «Hududyl-älem» (X asyr) atly kitapdan alyndy. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýa we Gündogar halklarynyň medeni mirasy döwlet institutynyň işleri». TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

17. Mülkam – Maryda dokalýan ýokary hilli ýüpek mata.

18. Kaba – üstden geýilýän geýim.

19. Tawwizi – Maryda we Samarkantda dokalýan ýuka ýüpek mata. Bu matadan köplenç peş, ýagny selle edinýärler.

20. **Abylkasym Abdylkerim Hawazyn bin Abdylmälik bin Talha an-Kuşaýry** (986-1072) – görnükli hadysçy ulama. Barjamly maşgalada dünýä inip, gowy bilim-terbiýe alýar. On bäş ýaşda öz obasyna salynýan salgydy azaltdyrmak maksady bilen Nyşapura gelýär. Ol özüne aşa göwni ýetýän, tekepbir, aşa zehinli ýigit eken. An-Kuşaýry Nyşapurda dini ylym bilen gyzyklanyp, görnükli sopy Abu Aly ad-Dakkakyň müridi bolýar. Dakkak şol döwürde medrese mekdebine ýolbaşçylyk edýärdi. Kuşaýry Dakkakyň gyzyna öýlenýär, Dakkak 1015-nji ýylda ýogalanda onuň ýolbaşçylyk eden medresesine eýe bolýar. Elbetde, onuň ömri hem döredijiligi hakda köp zatlary aýtsa bolar, ýöne biz onuň şafygy mezhebine uýandygyny we bu mezhep boýunça okuw kitabyny ýazandygyny aýtmak bilen çäklenmekçi. (Knyş A.D. Musulmanskiý mistisizm. Moskwa – Sankt-Peterburg. DILÝ., 2004).

21. **Şafy** – sünnülere girýän müsürli belli ymam Abu Abdyllah Muhammet ibn Idris aş-Şafy (767-820) tarapyndan döredilen mezhep. Şafylaryň kanunçylyk garaýyşlary hanafylaryň, mälikileriň, hanbalylaryň garaýyşlaryndan düýpli tapawutlanmaýar.

22. Tarih-i-Baýhaky. MITT, Tom 1. L.-M., 1935.

23. **Soltanul-muazzam** – at-owazaly, şöhratly soltan.

## Dokuzynjy hekaýat

1. Tarih-i Baýhaky. MITT, Tom 1. M.-L., 1935.

1. Gurhanyň 93-nji süresiniň 5-nji aýaty.

2. **Hyýlbaşy** – atly goşunyň serkerdesi.

3. **Genji-badawert** – şemal getiren baýlyk. Hysrow Perwiziň sekiz hazynasynyň ikinjisi. Rowaýata görä, göýä Rum patyşasy Hysrow Perwiziň hüjüminden gorkup, özüniň altyn-kümüşlerini gizlemek üçin gämä salyp bir ada ugradýar. Emma deňizde güýçli tupan turup, gämileri Perwiziň şalygyna alyp gelýär. Perwiz ol baýlyklary ele salyp, köp mukdarda hazynaly bolýar we bu hazyna «Ýel getiren hazyna» – genji-badawert diýip at berýär. Orta asyrda ömri genji badawerde deňemek şahyrlaryň arasynda ýörgünli bolupdyr.

4. **Deýlem** – Eýranyň günbatarynda ýerleşýän şäheriň ady. Deýlemliler Buweýh, Kaku şalyklaryny döretdiler. Yslam şalyklarynda esasy wezipeleri Deýlem şäherinden bolan adamlar eýeläpdirler. Buweýh şalygynyň synmagy – bu deýlemlilerden hökmürowanlygyň geçmegi.

5. **Kundur** – ladan, dini dessurlar geçirilýän wagtynda ýakylyp, tütedilýän ýakymly ysly, şepbeşik jisim.

6. «Kundur – sopylaryň hanakasy bar bolan ýedi sany obanyň biridir» – Abu Sagt Abdylkerim Samgany Merwezi. Şejere kitaby, 10-njy jilt.

7. **Hajyp al-bab** – şa bosagasynyň eýesi. Gürrüň Abu Nasyr al-Kundury hakda barýar. Kundury Togrul begiň iň soňky baş weziridir. Ol «Amydylmülk» – şalygyň sütüni diýen ada mynasyp bolýar. Nyzamylmülk Togrul soltanyň wepatyndan soň Kunduryny Alparslana ýamanlap, oňa agyr zulumlar etdirýär, ony biçdirdýär, soňundan hem öldürdýär.

## Onunjy hekaýat

1. **Fiskal** – habar beriji.

2. Gurhan. Ýigrimi ýedinji süräniň on sekizinji aýaty.

3. Gurhan. Ýigrimi ýedinji süräniň otuz dördünji aýaty.

4. **Hannak** – Andalusda balyk satýan adamlara «Hannak» diýen nisbe berilýär. Abu Sagt Abdylkerim Samgany Merwezi. Şejere kitaby. 11-nji tom.

5. Abulkasym Firdöwsi. Şanama. 608 sah.

## On birinji hekaýat

1. **Eljuk** – aç. Bu sözüň sözköki arap dilindendir. Juk – aç diýmekdir, «el» bolsa arap dilinde atlaryň öňünden goşulýan goşulmadyr.

2. **Käbe şerbeti** – kofe. «Kofe» sözi Käbe sözkökündendir. Kofäniň ilki dörän ýeri hem Arabystandyr.

3. Gurhan. 2-nji süräniň 286-njy aýaty.

## On ikinji hekaýat

1. **Urfis** – patyşa goşuny haýsy obanyň deňine barsa, şol obanyň ilatynyň goşuny azyk önümleri bilen üpjün etmek borjy.

2. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

3. **Nusaý bilen Merwiň aralygy** – bu aralygyň bäş günlük ýoldugy hakdaky maglumat Ýakut Hamawynyň «Ýurtlaryň sözlügi» (Türkmen obalary) atly kitabyndan alyndy.

4. **Debir** (kätip, münşi) – kätip, (mürze, göçüriji).

5. **Jüzjan** – Owganystanyň demirgazygynda ýerleşýän bir welaýat. Köp taryhçylaryň Jüzjana Jürjan diýip düşünýändiklerini, munuň ýalňyşdygyny Baýhaky gaty janagyryly nygtaýar.

6. Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1937.

7. **El Muntakym agda Allaha** – Allatagalanyň duşmanlaryndan ar alyjy.

8. **Karamyta** – karmaty mezhebine uýýanlara garşy söweşýänleriň baştutany.

9. **Satgin** – şerap içmek üçin jam, şakäse.

10. Muhammet ibn Aly ibn Süleýman Rawendi. Göwünleriň rahatlygy – şatlyklaryň ganaty. 1-nji jilt.

11. **Kafur** – hoşboý ysly ösümlik.

12. **Unnap** (arnap) – ösümligiň ady, Köýtendagda häzirem arnap jeňňeljigi bar.

13. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

14. Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1937.

15. Masudyň çakyza (miningit) keseliniň bolandygy hakdaky maglumaty Muhammet ibn Aly ibn Süleýman Rawendi «Göwünleriň rahaty – şatlyklaryň ganaty» atly kitabynyň 1-nji jildinde Baýhaka (662 sah.) salgylanyp ýazypdyr.

16. Tarih-i-Baýhaky. MITT: Materialy po istorii turkmen i Turkmenistana. Tom 1, M. – L. 1935.

17. **Nerkesdan** – nerkes güli salynýan güldan, küýze.

18. **Sipergam** – 1.Hoşboý ysly ösümlik. 2.Reýhan. 3.Miwe. 4.Ösümlik.

19. **Daşrabat** – Daňdanakan galasynyň ikinji ady.

20. Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1937.

21. Togrul begiň bu harby söweş tilsimi 1812-nji ýylda görnükli rus serkerdesi Kutuzow Fransiýanyň imperatory Napoleon bilen eden söweşinde gaýtalaýar. Kutuzow Moskwa şäherini boşadyp, gyra çekilýär we fransuz goşunynyň başyna Togrul begiň görkezen gününi salýar.

22. Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1937.

23. **Ynal** (ýynal) – mirasdar. Abu-Abdullah al-Horezmi. «Mafatih al-ulum». Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1937.

24. Syrak padymanyň Darini aldap çölüň jümmüşine äkidişi we çölde ahemeni goşunynyň teşnelikden ýaňa gyrlandygy baradaky rowaýat.

25. «Türkmenleriň enesi-de, atasy-da çöldür» – Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1937.

26. **Gurultaý** (gurultoý) – Bu sözüň sözköki «gurulyş toýy» diýen düşünjeden dörändir, gadymyýetden başlap türkmen halky täze döwlet gurjak bolanda «gurultoý (gurulyş toýy)», ýagny gurultaý geçiripdir.

## On üçünji hekaýat

1. **Ykta** – mülk ýeri. F.Engels özüniň «Anti-Dýuring» atly eserinde seljuklylaryň Merkezi Aziýada ilkinji bolup feodalçylyk gurluşyny girizendikleri, şalygyň döremeginiň iň esasy ähmiýetiniň Aziýada feodalçylyk gurluşyny girizendiginden ybaratdygy hakda ýazypdyr.

2. **Ykdadar** – ykta alan adam. **Ülüşçi-barzigar** – iktadardan kärendesine ýer alyp işleýän daýhan. **Barzigar** eken ekininden alan hasylynyň ylalaşylan ülüşini iktadara berýär, şeýle hem haraç töleýär.

3. **Diwany wezarat** – wezirlik diwany; diwany mürstewfi – salgyt, girdeji we hasap-hesip baradaky diwan; **diwany owkaf** – wakflar diwany; **diwany kaza** – höküm çykaryş diwany; **diwany risaýyl** – hat-petek, resminamalar, ýazgylar diwany; **diwany şert** – şertnama diwany; **diwany berid** – çaparlar,

aragatnaşyk diwany; **diwany yhtysap** – hasap-hesip diwany; **diwany müşrif** – çykdajylara gözegçilik edýän diwan; **umury sedarat** – dini ýolbaşçylary taýýarlaýan we olaryň işleýişlerine, kämillik derejelerine jogap berýän gulluk; **wezaraty derbar** – köşk wezirleri; **umury maliýe** – maliýe işleri gullugy; **umury owkaf we arazyýy döwleti** – wakflar we döwlet ýerleri baradaky gulluk; **umury adly** – adalat (kazyýet) işleri gullugy; **umury tahryraty şahy** – şa ýazgylary işleri gullugy; **umury haryja** – daşary ýurt işleri gullugy; **umury istihbarat** – döwlet howpsuzlygy gullugy; **umury muhabyrat** – aragatnaşyk işleri gullugy; **umury yhtysap we beledi** – hasap-hesip we şäher işleri gullugy; **umury emeniýeti şähri** – şäher howpsuzlygy gullugy.

4. Arap basybalyjylarynyň ähli köşk işini arap dilinde alyp barmagy ýola goýandygyna seretmesizden, Tahyrylar (821 – 873-nji ýyllar) taryhda ilkinji bolup köşk diwan işlerini pars dilinde alyp barmagyň başyny başlapdyrlar. Şondan soňky Eýranda, Merkezi Aziýada dörän türkmen patyşalary-da diwan işlerini pars dilinde ýöredipdirler. Munuň sebäbi ýörelen ýoldan ýöremegiň aňsatlygy üçindir. Onsoňam başga dili, başga milletiň wekilini özüniňkiden ileri tutmak türkmeniň zandynda bar.

5. Bu hat Muhammet ibn Aly ibn Süleýman Rawendiniň «Göwünleriň rahaty – şatlyklaryň ganaty» atly kitabyndan alyndy. Şeýle hem bu hat «Terjimeýi tarikaty Nasyry» atly kitapda hem bar. 132 sah.

6. Tarih-i-Baýhaky. MITT, M.-L., 1935.

7. Ýusup ibn Taňryberdi Atabeg. Röwşen ýyldyzlar.

8. **Kelam ylmy** – Gurhany düşündirýän ylym.

9. **Hululylar** – ylmy dilde yslamdaky bu akymyň taglymaty «panteistik yslam» diýip atlandyrylýar. Olaryň pelsepesine görä, tebigat bilen Hudaý bir zatdyr, tebigatdan daşary Hudaý ýokdur. Hululylar dine garşy däl, ýöne olar: «Tebigatdaky hadysalar tebigatyň öz kada-kanunlaryna laýyklykda bolup geçýär. Älem-jahany hiç kim ýaradanok» diýen pikirdedirler.

10. Şaýylar azan okanlarynda özlerinden: «Haýýe alä haýryl amal!» (Haýyr işleri etmäge howlugyň!) diýen sözleri goşýarlar.

11. Aristunyň «Tasawwurat» kitaby – Aristoteliň «Metafizika» kitabynyň musulmançalaşdyrylan nusgasy.

12. **Müjebbire** – jeberiýe tarykaty bolup, adamlaryň ähli özygtyýarly hereketlerini ret edip, haýry, şeri, küpüri, imany, takwalygy we erbetligi ezeli hasaplaýarlar.

13. **Kadaryýe** – jeberiýe tarykatynyň gös-göni tersine bolan garaýyşly tarykat. Bu mezhebiň adamlarynyň pikiriçe, adamlar öz amallaryny, edýän işlerini öz ygtyýarlary bilen edýärler, olara Allatagala hiç hili goşulmaýar. Kadarylar Allatagala şeri takdyra ýazmaýar, ony ynsanyň özi edýär. Çünki Allatagala özüniň isläp ýaradan zadyny ýigrenmeýär. Ol musulman bendesiniň Taňrynyň emrini berjaý etmegini isleýär. Şeýtan Allatagalanyň erkine gabat gelmeýän hereketleri edýär. Şeýtanyň erki tamam bolýar. Allatagalanyň erki bolsa tamam bolmaýar. Allatagala mahluklary özüniň parasadyny aýan etmek üçin ýaratdy. Eger ol mahluklary ýaratmadyk bolsa, onuň parasatlylygy mälim bolmazdy» diýip nygtaýarlar. Emma bu mezhebe garşy emele gelen «Terbiýe mezhebi» adama ähli edýän işinde mejbury bolup, hiç hili ygtyýary ýokdur diýýär.

14. **Munapyklar** – ikiýüzlüler, ýagny daşy musulman, içi kapyr bolan adamlar.

15. **Mugtazyly mezhebi** – bu sözüň «dinden çykanlar», «dinden uzaklaşanlar» diýen manysy bar. Bu akym yslamdaky akymlaryň ilkinjisidir. Ol Wasyl Ibn Ata (699-748 ý.) tarapyndan esaslandyrylýar. Bu mezhebe uýanlar gadymy döwrüň pelsepesini özlerine ýarag edinipdirler.

Mutazyly wekilleri düşünjeli, akyl-paýhasly, antik döwrüň filosofiýasyndan habarly adamlar bolupdyr. Olar yslam dogmatlaryna garşy erkin pikir ýöretmek bilen, paýhasy dine köre-körlük bilen ynanmaga garşy goýupdyrlar. Mugtazyly Alla baradaky antropomorfik göz öňüne getirmeleri, Allanyň atributy, öňden kesgitlenenlik hakdaky ynanjy inkär edipdirler. Olar erk azatlygy, adamyň öz hereketi we pikirleri üçin doly jogapkärdigi baradaky taglymaty goldap çykyş edipdirler. Emma olar paýhasy tutuşlygyna dini dogmalara garşy goýmandyrlar. Olar birhudaýlylyk we o dünýäde ýalkanmak baradaky dini dogmalary esaslandyrmaga synanyşyk edipdirler.

Mugtazyly taglymaty pessimistik düşünjelere ýugrulandyr. Olar adamyň durmuşy gözellikden, eşretden, şatlykdan mahrum edilendir diýip düşündiripdirler. Şu ýerden hem olaryň dünýäniň işinden çetleşip, terkidünýälige ýüz urandyklary görünýär. Mugtazyly Hudaý hakdaky, onuň nämeden ybaratdygy baradaky meseleleri öwrenmegiň esasyny goýupdyrlar. Halyflaryň üçüsiniň agalygynyň döwründe, ýagny IX asyryň birinji ýarymynda mugtazyly taglymatynyň ýaýradylmagy ugrunda dürli çäreler geçirilen-de bolsa, onuň doly kabul edilmegi gazanylyp bilinmändir. Tiz wagtdan yslam dinine dogmatiki ynanmagyň tarapdarlary ýene üstün çykypdyrlar we mugtazylylaryň wekilleri yzarlanyp başlanypdyr. Şeýle-de

bolsa, mugtazyly taglymaty sünni mezhebi üçin esasa öwrülip, yslamyň içinde bir akym bolup galypdyr. (Gysgaça ateistik sözlük. «Türkmenistan». A., 1985).

Mutawekkim halypalyk eden döwründe (847-861-nji hijri ýyllary) olaryň akymy başga dinleriň hatarynda görlüp, wekilleri yzarlanýar. Netijede «haryjy», «hurramy» ýaly akymlaryň gozgalaňlary bolup geçýär. Onuň Bäbek, Hurramy ýaly ýolbaşçylary jezalandyrylyp öldürilýär (Ýakut Hamawy. Ýurtlaryň sözlügi).

16. **Mutakellim** – bu söz kelam we usul ylmyny (kelam – Gurhanyň manylaryny düşündirýän ylym, usul – diniň düýp taglymaty) bilýän adama degişliligi aňladýar. Muňa «kelam» diýilmeginiň sebäbi ilkinji gapma-garşylyk «Allatagalanyň sözi ýaradylan zatmy ýa-da ýaradylan zat däl?» diýen sowalyň üstünde jedeliň orta düşmegi üçindir. Alymlar bu sowal barada sözlediler. Bu sebäpden ylmyň bu görnüşine «Kelam ylmy» diýildi.

Mukakallimiň görnükli wekilleri musulman dogmatikleri we fanatikleri Al-Aşary (873 – 935) bilen Sel-Maturydy (X asyr), yslam jemgyýetçiliginiň meşhur ulamalaryndan Nasifi, Abul-Lais Samarkandy, Termizi, Sadeddin Taftazali, Zamahşary, Burhaniddin Marginony, Ismaýyl Buhary hem mutakellimiň uly wekilleri hasaplanypdyr.

Mutakellim mutazillizm taglymatyny inkär edip, onuň wekillerine garşy göreş alyp barypdyr. Mutakellim öz taglymatynda Gurhany esas edinip almak bilen, yslamyň esasynyň keramatlydygyny subut etmäge we düşündirmäge çalşypdyr. Mutakellimler göýä Allanyň birligi, ýeke-täkligi (absolýutlygy), onuň sypatlary, Allanyň dünýä we adama bolan gatnaşygy, dünýäniň döredilendigi we ýok boljakdygy (ahyrzaman), uçmah, dowzah, Gurhanyň Hudaý tarapyn berlenligi, Muhammet pygamberiň Allanyň wekilidigi baradaky yslamyň esasy dogmalaryny dini sholastika we pifagorçylyk filosofiýasy nukdaýnazaryndan täzeden işläp düzüpdirler we wagyz edipdirler. (Gysgaça ateistik sözlük. «Türkmenistan». A., 1985).

17. Mawlid an-Nabi – Muhammet pygamberiň doglan güni. 11-12 rabi al-awwalýa – 20-21-nji aprele gabat gelýär.

18. **Ýaroslaw Mudryý** – 978 – 1054-nji ýyllar arasynda Beýik Kiýew Rusunda hökümdarlyk eden knýaz.

18. **Naýyp** – orunbasar. Naýyp patyşa ýörişde, köşkde ýok mahaly köşgi, şalygy dolandyrýar.

19. **On hal we ýedi makam** – bu al-Kuşaýrynyň sopuçylyk älemindäki taglymatydyr.

**On hal** – güwädarlyk, Hudaýa ýakynlyk, söýgi, gorky, umyt. hyjuw, terkidünýälik, ynamlylyk, synçylyk, rahatlyk.

**Ýedi makam** – toba, garyplyk, sabyrlylyk, kanagatlylyk, erklilik, terkidünýälik, Hudaý üçin pida bolmak.

## On dördünji hekaýat

1. **Muhtasyp** – şäheriň, galanyň tertip-düzgünine gözegçilik edýän ýolbaşçy.

2. Täjirleriň dini ynançlaryna esaslanyp, paç töletdirilipdir. Mysal üçin, musulmanlar harytlarynyň bahasynyň 2,5 göterimini, boýun egdirilen döwletlerde ýaşaýan täjirlere 5 göterim, daşary ýurtly täjirler 10 göterim paç tölemeli bolupdyr.

3. **Makedonlar hanedanlygy** (867 – 1028 ý.) Konstantin VIII-iň aradan çykmagy bilen gutarýar, çünki ondan mirasdüşer perzent galmaýar. Gyzy Zoýa Roman III-e (1028 – 1034 ý.) durmuşa çykýar, ony tagta geçirýär, soň Mihail IV Paflagona (1034 – 1041 ý.), ondan soň bolsa Konstantin IX Monomaha (1042 – 1055 ý.) durmuşa çykýar, olaryň ählisi tagta çykýar.

4. **Ýusup pygamberden bäri möjegiň agzy iýse-de gan, iýmese-de** – Ýusup pygamber baradaky meşhur rowaýatda onuň doganlarynyň öz inilerine göripligi, şol göriplik sebäpli-de Ýusuby öldürdim edip, bir gurruk guýa taşlap gidişleri, soňundan hem doganlaryň öýlerine baryp: «Ýusuby möjek iýdi» diýip aglaýyşlary, wagtyň geçmegi bilen bu etmişiň üstüniň açylyşy beýan edilýär. Şol wakadan soň «Möjegiň agzy iýse-de gan, iýmese-de» diýen pähim döreýär. Bu nakyl häzirki döwürde-de ýörgünli.

5. Toba ýaşy – kyrk ýaş.

6. **Idde möhleti** – Adamsy ýogalandan soň dul galan zenanyň äre çykman oturmaly möhleti.

7. **Badhyz** (badgys) – köp ýel ösýän ýer.

8. **Kabale** – söwda galasy (merkezi).

9. **Saklab** – slawýan.

## On bäşinji hekaýat

1. **Walyt** – kaka, walyda – ene.

2. **Gyzyl ok** – serkerdelere, başga goňşy döwletlere gyzyl ok ugradylmagy – bu söweşe başlanjakdygynyň, goşun kömeginiň gerekdiginiň habary hasaplanýar.

3. **Möwdud ibn Masut ibn Mahmyt** – Gaznaly soltany.

4. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

5. Al-Hüseýni. Zubdat at-tawaryh. (Taryhlaryň gaýmagy).

6. Al-Hüseýni. Zubdat ata tawaryh (Taryhlaryň gaýmagy).

7. Gurhan. Dokuzynjy «Toba» süresiniň 120-nji aýaty.

8. **Bargähi soltanat** – Togrul beg ýörişe çykanda gara reňkdäki ýüpek matadan çadyrda bolýardy.

9. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

10. Soltan Masudyň öldürilişini Baýhaky şeýle gürrüň berýär: «Emir Muhammediň dilinden Geri galasynyň kutwalyna: «Emir Masudy öldürip, onuň kellesini bize iberiň» diýen ýalan nama getirýärler. Kutwal şol ýalan hatyň esasynda emir Masudyň kellesini kesip, emir Muhammede gönderýär...»

11. Ibn Esir. Kämil taryh. Faruk Sümer. Oguzlar – türkmenler. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

## On altynjy hekaýat

1. **Hut** – balyk ýyldyzlar topary, şemsi ýylyň soňky aýy. Her ýylyň nowruzy hutuň girmegi bilen başlanýardy. Çagry begiň agtygy Mälikşanyň jedweli boýunça nowruz hamalyň (guzy ýyldyzlar topary, şemsi ýylynyň birinji aýy) başlangyç nokady hasaplanyp başlandy. Hijri-kamary aý hasaby boýunça hut aýy – fewral aýyna gabat gelýär.

2. **Talaň saçagy toýy** – bu däp hakda «Oguznamalarda» nygtalýar. Faruk Sumer özüniň «Oguzlar – türkmenler» atly kitabynda şeýle ýazypdyr: «Türki kowumlar Ýakyn Gündogar ülkelerine gelenlerinde beýleki däp-dessurlar bilen bir hatarda talaňly toý däbini hem getiripdirler. Parsça şygyr we kyssa eserlerinde duş gelýän «Han-i ýagma» (Talaň suprasy) aňlatmasy hem bu talaňly toýdan gelip çykandyr. Seljuklylardan başga-da Siriýa Atabegleri döwletinde (Zeňňiler) we Osmanlylarda hem bu däbiň dowam edendigi bellidir» 353 sah.

3. **Batman** – takmynan 20 kilograma barabar agyrlyk ölçegi.

4. **Jamer-jüpbe** – egin-eşik.

5. **Şerapdar** – ustazdaryň garamagyndaky işgär. Ol köşgüň sakysy, soltanyň şeraphanasynyň sahyby, müdiri.

## ÜÇÜNJI KITAP

# GEÇMIŞ




**Birinji hekaýat**

**DIŇE ISLEGDE ÇÄK ÝOK**

**I.**

«Der çyksa – gan çykmaz» diýen söz seljuk goşunynda her gün telim ýola gaýtalanýardy. Çünki şu ynanç bilen harby türgenleşik geçýärdiler. Diňe bir esgerler däl, Togrul begiň salarlygyndaky ähli seljuk şazadalary hem wagtlarynyň galaba bölegini harby türgenleşikde geçirýärdiler. Her gün ir ertirden birder (der çykýança), namazşam ikider gylyçlaşmak hökmanylykdy.

Her bir esgeriň, her bir serkerdäniň her günki etmeli anyk işleri bardy. Harby düzgün-nyzam gaty berk saklanylýardy. Onuň bozulan ýagdaýynda hiç kime eglişik edilmeýärdi. Harby tälimiň, türgenleşigiň, berk düzgün-nyzamyň peýdasynyň uludygy duşman bilen garpyşylanda has äşgär duýulýardy.

Togrul begiň harby türgenleşik geçip ýörşüni göreniňde onuň başga aladasy ýok ýaly duýulýardy. Aslynda welin, onuň iş-aladasy başyndan agdykdy, ýazylyp-ýaýrap owkat edinmäge-de wagty ýokdy. Edilmeli işler köpdi, juda köpdi, çünki uly ýörişe, uly tutuma taýýarlyk görülýärdi.

Her çarşenbede geçirilýän mejlislerde hem şol bir mesele ilik-düwme ara alnyp geňeşilýärdi:

– Ilki bilen, Jibal ülkesine, soň Günbatar ülkeleri teshyr edip, olary dolulygyna şalygyň tabynlygyna girizmeli.

– Günbatar ülkelerden olja-salgyt ýygnamaly.

– Wizantiýany seljuk şalygynyň tabynlygyna geçirmeli. Anadoly ýarym adasy seljuk şalygynyň ýarym adasy bolmaly.

Togrul beg bu maksadynyň amaly üçin beglere anyk görkezmeler berdi: Mansur, Gökdaş, Enesiogly başbuglaryň serkerdeligindäki jemagatlaryň öňünde Wan kölüniň töwereklerini teshyr etmek, ol ýerlerde güýç jemlemek wezipesini goýdy. Gutulmyşy, Resultegini, Ybraýymy, Hasany, Ýakudy ýanynda galdyrdy, çünki olar öz goşunyndaky iň ynamdar, iň arjymak, iň janymak serkerdeleridi. Olar ýanynda bolsa Togrul beg islendik duşmany mugyra getirip biljegine ynanýardy. Öňünden çykan duşmany juda bir kösenmesizden ýeňýärdi hem, olar bilen birkemsiz öwrenişipdi hem.

Seljuklylar yhlas etdiler, Allatagala olaryň yhlasyny boş goýmady. Sanalgyja ýylyň içinde olar Jibaly – Yspyhany, Hemedany, Hazar deňziniň kenarlaryny, Azerbaýjany, Gündogar Anadoludan Günorta Kawkaza çenli aralykdaky ülkeleri eýelediler.

Wan kölüniň sebitleri boýunça Rum şalygynyň walysy Stefanos Gökdaş, Mansur, Enesiogly jemagatlarynyň öňünden çykdy (1045 ý.).

Allatagala kimi betbagt eýlejek bolsa, şol kişä tekepbirlik berer eken. Arkasynda dünýäni lerzana salýan Wizantiýa kaýsarlygyna baýrynan waly Stefanosyň arkasynda kaýsarlyk güýji däl-de, gaçmak üçin hiç hili amatlylygy bolmadyk kötel dag ýatan eken.

Dogrusy, Stefanos tejribeli, pähim-paýhasly walydy, mydama ýeňiş gazanardy, ýöne bu gezek onuň towşandyr öýdüp daş atany kimi tüýdüm-tüýdüm etjegini bilmän ýören şir eken, dişleri, dyrnaklary gezelen peleň eken. Waly Stefanosy ýeňmek seljuk jemagatlaryna kyn düşmedi. Has dogrusy, şol döwürde bu garpyşygy gurduň goýna daraýşyna deňediler. Seljuklylar ähli zatdan geçip, düz gaçan wizantiýaly esgerleriň yzyndan ýetip, gyran-jyran etdiler, ýatagandan hem gönderden geçirdiler.

Wizantiýa kaýsary Konstantin Monomah IX seljuk goşunlarynyň Wan kölüniň töwereklerini teshyr eýläp, Azerbaýjana dolandyklaryny, olaryň ümzüginiň Anadola, Kawkaza tarapdygyny eşidip, howsala düşdi, haýdan-haý tejribeli serkerdebaşysy, abhaz emiri Liparidi dergähine çagyrdy, ony goşuna baş edip, seljuklylaryň alnyndan çykmaga, olary yzyna kowmaga, oljalamaga ugratdy.

Serkerdebaşy Liparit ýörişe gaty uly ynam bilen ugrady. Çünki ol söweşlerde mydama ýeňiş gazanyp, şöhrat-şana eýe bolan serkerdebaşydy. Ony ýeňilmezek serkerde hasaplaýardylar. Ol hakda esgerleriň arasynda ýörgünli aýdymlar aýdylýardy. Seljuklylary yzlaryna kowjakdygyna Liparitiň ynamy uludy. Ol şol uly ynamy hem seljuklylaryň howuny basmak maksady bilen Şetdatogly begliginiň paýtagty bolan Dowin şäherini eýeledi.

* * *

**10**46-njy ýylda Ahlat hem Diýarbekir sebitlerinde ýer titredi[1]. Köpsanly galalar, berkitmeler, köprüler ýumruldy, köp adam pida boldy. Togrul begiň tabşyrygy bilen köp galalarda ilata kömek berildi, diňe bir el kömegi däl, eýsem, azyk, egin-eşik kömekleri hem berildi. Şeýle bolansoň ýerli ilat seljuklylara öz halasgärleri hökmünde sygyndylar.

Seljuklar Ahlatda alty sany galanyň ýykylan ýerlerini täzeden dikeltdiler.

Şol döwürde Altynjan hatyn bäş aýlap Ahlat hem Diýarbekir sebitlerinde öýsüz-öwzarsyz galan maşgalalara öý dikip bermek, ýaşaýyş üçin derwaýys zatlar boýunça ýardam etmek işi bilen meşgullandy.

Altynjan hatyn bu sebitde bolanda adamlaryň döwük-ýenjiklerini seýiklemäge, näsaglary bejermäge gatnaşdy. Onuň lukmançylyk etmesi birinji gezek däldi. Ol näsaglaryň bejerilmegine ýardam bermekden çäksiz kanagatlanma tapýardy. Onsoňam Ahlat sebiti, şeýle hem Ahlatdan Kazwin daglaryna çenli aralygyndaky birnäçe şäher, gala Anuşirwana ykta berlipdi. Altynjan Anuşirwana ykta berlen ýerleriň dolandyrylyşyny ýola goýmak, ynamdar, halal adamlary iş dolandyryjy wezipelerine bellemek bilen meşgul boldy. Togrul beg Anuşirwany daşary ýurtly şalyklar bilen gatnaşyklary ýola goýmak boýunça özüne wezir belledi.

* * *

Togrul beg Gutulmyşa aýratyn ynam bildirýärdi. Çünki Gutulmyş adaty bir serkerde däldi. Ol ýyldyz hem millet ylymlaryny[2] bilýärdi, şol ylymlary peýdanmagam başarýardy.

Gutulmyş beg Genje şäheriniň eteginde goşunyny abhaz emiri serkerdebaşy Liparidiň garşysyna söweşe taýýarlady. Ol Wizantiýa kaýsarlygy bilen seljuklylaryň arasyndaky bu söweşiň uly ähmiýetiniň boljakdygyna düşünýärdi. Çünki bu söweş seljuklylaryň wizantiýalylar bilen ilkinji uly darkaşy boljakdy.

Wizantiýa kaýsarlygy dabarasy dünýä dolan hökümdarlykdy. Henize-şu güne çenli bu şalygyň goşunynyň ýeňlen ýeri ýokdy. Kaýsarlygyň goşunynyň garşysyna çykmaga atyň kellesi ýaly ýürek gerekdi. Şeýle uly ýürek tapylmajak ýalydy, ýöne ahyry tapyldy.

Ýürek – seljuk goşunydy.

Wizantiýa goşunyny ýeňse, seljuklylaryň abraýynyň arşa göteriljekdigi aýandy. Onsoňam Wizantiýa goşunyndan rüstem gelmek Kiçi Aziýada hökmürowan bolmakdy.

Bu söweşde seljuk goşunynyň gorkusy az däldi. Ýeňşe ynam azdy. Şonuň üçinem harby tilsime bil baglamak ýeke-täk çykalgady.

Gutulmyş beg ýyldyz ylmyny peýdalanmagyň möhümdigine düşünýärdi. Şonuň üçin hem ol soňky günler nämeleri etjegini öz ýanyndan ýedi ölçäp, bir kesdi. Genje şäherine gelýänçä etjek tilsimlerini birin-birin aňyndan geçirdi.

* * *

Iki goşun söweş meýdanyna geldi.

Gutulmyş beg dag gerşine çykyp, özüniň tilsimine başlady.

Mugjyza başlandy.

Allatagalanyň eradasy bilen tebigatyň öwzaýy bozuldy. Äpet-äpet bulutlar Wizantiýa goşunynyň üstüni örtdi, soňam sargylt reňke öwrüldi, köp wagt geçmänkä-de, Asmanyň düýbi deşilen dek jala-boran guýup ugrady, ýagmak ýagdy.

Gije şeýle bir sowuk boldy. Ýerler doňdy. Wizantiýaly esgerleriň söweşerlik rabgaty galmady.

Aladaňdanlar Gutulmyş beg dag gerşinden aşak düşdi, goşunynyň ýanyna bardy.

Ol goşunyň öňüne düşüp, Allatagalanyň özleriniň tarapynda boljakdygyny aýdyp, esgerlerini ýeňşe ruhlandyrdy.

Harby türgenleşikleri ýetik bolan seljuk goşuny «Ýa Hu!» diýip söweşe girdi.

Söweş başlandy.

Gutulmyşyň ýyldyz ylmy iş bitirdi: Wizantiýa goşuny derbi-dagyn edildi[3].

Bu ýeňiş wizantiýalylara garşy söweşlerde seljuklaryň gazanan ilkinji uly ýeňşidi. Bu ýeňiş soňky ýeňişleriň hem badallasy boldy.

Şol ýeňişden soň seljuklylaryň Günbatarda gerimi has giňedi. Bagzy şäherler, bagzy welaýatlar teshyr edilip, seljuklaryň tabynlygyna geçirildi. Her gala, her şähere paç salyndy. Şeýle bolansoň, Reýe gelýän ýükleriň yzy üzülenokdy. Ol ýükler alnan oljalardy, ýygnalan paçlardy, salgytlardy. O gelýän zatlary kabul etmek, hasaba almak, ýerlemek boýunça sekiz müň adam işleýärdi.

Ybraýymyň, Gutulmyşyň gazanýan ýeňişleri hakda her gün dabaraly gürrüňler edilýärdi. Her gün köşkde täze teshyr edilen ýerler mynasybetli nobat çalynýardy.

* * *

Köşkde Gutulmyş bilen Ybraýymyň petih eden ýerleri mynasybetli her gün diýen ýaly nobat çalnyp, dabaralandyrylyp durlansoň, Musa beg öz ogly Hasanyň hem köşkde adynyň tutulmagyny, hormatyna nobat çalynmagyny isledi. Ol Dehistanda häkimlik edip ýören ogly Hasany azymata çagyrdy. «Al-ha-alda almadyk ahyretde-de almaz» diýip, bahabarlyk eýläp ogluny bejit ata atlandyrdy. «Mümkin bolan ýeri teshyr et. Öz hums paýyňy al. Ykta ýerleriň sanyny köpelt. Paýlaşylyp gutaransoň, hiç zat alyp bilmersiň» diýip, öwran-öwran gaýtalady.

– Iýjegim-geýjegim bar, binowa däl, artykmaç baýlygy başyma ýapaýynmy? – diýip, Hasan başda kakasyna garşy çykdy.

Musa beg oglunyň bu sözüni biçak ýokuş gördi:

– Meni masgara etjek bolýarsyňmy?

– Ýok, ýok!

– Onda meniň diýenlerim bilen bol!

Hasanyň parahat ýaşaýşy bardy, ol isleýşi ýaly ýaşaýardy: her hepdede derwüş eşigini geýip, şähere çykýardy. Adamlaryň özi hakda, şeýle hem seljuklylar, Togrul beg hakda edýän gürrüňlerini diňleýärdi. Garyp-gasarlara gaznasyndan haýyr-yhsan paýlaýardy, özüne tabynlykdaky ýerlerde – her obada, her galada, her şäherde hanakalar döredýärdi, ol ýerlerde gedaýlary, eklenjisini ýitiren binowar biçäreleri iýdirip-içirmegi – haýyr-hasanaty ýola goýýardy.

Ol ähli kişiniň özi ýaly baý bolmagyny isleýärdi, şu maksat bilen toý-baýramlarda ýoksullara dinardyr dirhem paýlaýardy.

Onuň dinar paýlany, anaýaty bilen halk baý bolmady, gaýtam, ondan nägile adamlar köpeldi. Gaznasy boşady, ony doldurmak welin zerurdy. Şu maksat bilen Hasan kakasynyň pendine eýerip, ata atlandy.

Goşun jemläp, Reýe – Togrul begiň dergähine bardy.

Togrul beg Hasany Wan kölüniň töweregine ýollady:

– Şol ýerlerdäki teshyr eden ähli galalaryň, şäherleriň ykta ýeriň bolsun, Hasan.

Hasan petih eýlemäge ugrady.

Ol ilki Wan kölüniň töwereklerini teshyr etdi, soň Beýik Zap Suwy töwereklerine bardy. Şol ýerlerdäki Wizantiýanyň serkerdeleri Katakalonyň hem-de Aaronyň serkerdeligindäki goşunlary bilen söweşdi. Her gezek ýataganyny galgadyp uly hyjuw bilen söweşe girdi.

Soňky gezek gazaply söweşde kellesi göçdi: bir görse, ol wizantiýa esgerleriniň ortarasynda eken. Asyl, töwereginde ýekeje-de seljukly ýok.

Ýeňilýändigini duýup ugran wizantiýa esgerleri öz aralaryna tötänleýin düşen seljuk beginden bar ahmyryny çykardylar: onuň çar ýanyndan hüjüm etdiler. Urlan naýzalardan ýaňa endamy deşim-deşim boldy.

Hasanyň ölümi[4] seljuk beglerine gaty agyr urgy boldy, kyrk günläp matam tutdular, wizantiýalylardan ar almagy äht etdiler. Şol wepat Musa ýabgunyň hem aňyny lerzana saldy:

– Oglumy öz elim bilen ölüme ugradan ekenim-ä men – diýip, Baýgu Kelan panydan perýat etdi. Oglunyň wepatyndan soň ýüzi gara çowlam bolan Musa beg ýanyny ýere berdi. «Men oglumyň yzyndan baryp, eden etmişim üçin uzur soramakçy» diýip, ol hem bu dünýäden göç eýledi.

Musa begiň islegi Ybraýymdan, Çagry begden, onuň ogullaryndan kem galmazlykdy. Türkmeniň durmuşy düşünjesinde ile bakmak, ile görä bolmak ýörelgesi gadymdan uly orun eýeläpdir. Bu ýörelgä eýerilip, kä oňlulygyň, kä ýaramazlygyň üstünden barlypdyr. Ýöne hiç mahal mundan ýüz dönderilmändir. Türkmeni türkmen eden zatlaryň bulam biri. Mundan el çekmek tükeniksiz ýaryş bolan ýaşaýyşdan meýletin el çekmegi aňladardy. Düýpleýin alanyňda, durmuş belli bir pellehanasy bolmadyk aýlawdyr, ýaryşdyr. Bu ýaryşda pellehanany her kimiň özi kesgitlemeli. Pellehana diýip Musa ýabgu ilden baýlygy hem mülki köp almaga düşünýärdi. Ol: «Näme üçin doganym Mykaýyl neressäniň çagalary Çagry bilen Togrul menden, meniň ogullarymdan köp ygtyýarly, köp yktaly bolmaly?» diýip, öz-özüne sowal berýärdi, bu ýaryşda özüniň hemem ogullarynyň öňde bolmagyny isleýärdi. Bu – meselä ýüzleý seredeniňde şeýle. Ýöne gep diňe baýlykdyr mülkde däl ahbetin. Gep şol mülküň, barjamlylygyň üsti bilen aňladylýan at-abraýda, mertebede, derejede, özgeleriň öňündäki hemem adamlaryň arasyndaky agramyňda, abraýyňda. Ýöne, arman, bu zatlaryň barysynyň soňunda diri galanyňda manysy bar!

Başga bir ýaryş bar – hatda öleniňde hem seniň ýeňşiňi manydan, ähmiýetden gaçyrmaýan ýaryş bar. Bu ýaryş dünýäniň bakylyk tarapynda ýerleşýän meýdanynda dowam edýär. Munda sen dünýä üstünde, dünýä üçin ýaryşaňok, hatda sen dünýä bilen-de ýaryşaňok. Sen munda diňe bakylyk bilen bäs gurýarsyň. Seniň mundaky ýeňiş paýyň – bakylyk.

Musa ýabgu Hasany bu esasy, hakyky beýik ýaryşdan çykaryp, ikinji bir ýaryşa saldy. Şeýdip, oglunyňam, özüniňem ýeňilmegine sebäp boldy.

* * *

**Kyrk g**ün dowam eden matamdan soň, Togrul beg Ybraýym ynaly Azerbaýjanyň häkimi belläp, oňa Gutulmyş bilen Anadoly ülkesine ýörişi dowam etdirmegi tabşyrdy.

Gutulmyş bilen Ybraýym birleşip, Erzurumy eýelediler.

Esasy söweş Pasin düzlüginde bolmalydy. Gutulmyş ol ýerlerini içgin öwrendi. Söweşiň haýsy ýerde geçse, özi üçin amatly boljakdygyny ölçerip-dökdi.

Erzurum ýaýlagy bilen Pasin düzlügi söweş üçin amatlydy. Pasin düzlügi Alajadaga baryp birleşýärdi. Bu dagyň boýy hemem ini iki farsahlykdan köp däldi, özem bu deňze baryp guýulýan, goşulýan üç sany uly derýanyň gözbaşydy. Olaryň biri Araz çaýydy. Araz çaýy Alajadagyň gündogar tarapyndan gaýdýardy, Annyň, Pasiniň, Sürmeliniň üstünden geçip, Hazar deňzine guýulýardy. Ol ýerdäki derýalaryň ikinjisi Ýewfrat derýasydy. Ol Alajadagyň günbatar tarapyndan çykyp, Erzurumuň, Arzynjanyň, Kemahyň, Taruferiň, Änäniň, Hedisäniň, Hymanyň, Jezaýyryň üstünden geçip, Dejlä guýýardy. Alajadagyň demirgazygynda Tortum, Oltu derýalary bardy, olar Çoruk derýasyna baryp goşulýardy. Gutulmyş bu çaýlary söweşde öz peýdasyna ulanmak üçin çalyşdy. Wizantiýa serkerdeleriniň bu ýeri gowy bilmeýändigine berk ynanýardy. Ol ýalňyşmandy. Ybraýym ynal hem Gutulmyşyň goşuny Kapetru (Hasangala) galasynyň golaýynda Katakolon, Aaron, Liparit atly serkerdeleriň başda durmagyndaky Wizantiýa goşuny bilen duşuşdy.

Wizantiýalylar tebillerini, nagaralaryny düňňürdedip, alazenzele edip seljuklaryň howuny basmakçy boldular, ýöne olar bahym özlerinden ökdäni gördüler. Seljuklar beterinden beterini tapdylar, olar şeýlebir tebil, şeýle bir dowul düňňürdetdiler, olaryň düňňürdisinden, zenzelesinden ýaňa älem-jahan gapyşara geldi. Alajadag sandyr-sandyr, titir-titir etdi. (Dag titrän ýerde, heý, adam titremezmi?!) Özem seljuk esgerleri

dowuldyr tebilleriň dünýäni göçürere getirýän zenzelesini az görýän dek, şeýlebir waňkyryp gygyrmak gygyrýardylar. Gülüşýärdiler hem!

Seljuklaryň boluşlaryndan bahabar alan Wizantiýa goşuny tebil kakmasyny goýdy. Ökde ökdäni görende pyslam-pys bolar eken. Wizantiýalylar-da pyslam-pys boldular. Olar sessiz-üýnsüz söweşiň başlanmagyna häzirlendiler.

Gutulmyş beg söweş başlanmazyndan burun Wizantiýa salarynyň ýanyna ilçi ýollady, olara ýaraglaryny tabşyryp, boýun eg meklerini teklip etdi. Adatça, bolşy ýaly, ilçi serkerdebaşy Liparide öz goşunlarynyň aşyraw köpdügi, aşyraw güýçlüdigi, aşyraw tejribelidigi hakda göni aýtdy, ýöne Wizantiýa kaýsaryndan permanly Liparit ilçiniň teklibini kabul etmedi, gaýtam, onuň üstünden gülüp, yzyna ugratdy.

Şondan soň söweş tebili kakyldy.

Söweşi on iki hatardan ybarat bolan seljuk ýaýçylary başlady.

Seljuk ýaýçy hatarlarynyň gezekleşip üznüksiz atýan keýmir oklaryndan ýaňa hakyt Günüň öňi tutuldy..

Çabga deýin guýulýan oklardan goranmak asla mümkin däldi.

Oklaryň döreden aljyraňňylygyndan soň seljuklar ýakyn aralykdan hüjüme geçdiler.

Bu hüjümiň maksady duşmany aljyraňňylyga salmakdy, sag ganatdaky atly goşuna ýol açmakdy.

Sag ganatdan gelýän atly goşun duşmana esasy zarbany urmalydy. Bu goşunyň wezipesi wizantiýalylaryň goşunyny böleklere bölmekdi hemem olary bölek-bölekläp gyrmakdy. Çünki goşun böleklere bölünende gyrmak işi has asanlaşýardy.

Seljuklar gorky-ürküsiz söweşýärdiler.

Söweş dört güne çekdi. Elbetde, iki tarapyň hem güýji asgyn däldi, esger sany-da köpdi. Göräýmäge, iki tarapyň güýji deňdi. Wizantiýaly esgerler tejribelidi. Ýaraglary-da seljuklylaryňkydan kämildi. Şeýle-de bolsa, dördünji gün günortan seljuklylar artykmaçlyk gazanyp ugradylar. Öýleden soň bolsa wizantiýalylar ähli ýaraglaryny taşlap, söweş meýdanyndan gaçyp gitdiler.

Ikinji gezek hem ýeňiş seljuklylara ýaran boldy. Bagtyň ýatsa, düýäniň üstündekäň it ýaryp, endam-janyňy garagan etjek eken: bu söweşde Ybraýym ynal Wizantiýa goşunynyň görnükli serkerdesi Liparidi ýesir aldy.

Liparit Ybraýym ynala öz pidýesi hökmünde dört ýüz müň dinar bilen ýüz müň sany gymmatbaha sowgat hödürledi[5]. Bu teklibi Ybraýym kabul etmedi. Onuň anyk maksady bardy. Ol dabarasy dag aşan bu serkerdäni Reýe eltip, Togrul begiň öňünde dyza çökermekçidi, şeýdibem soltana, köşkdäkilere, ähli kişä özüniň ökdeligini, rum serkerdesini ýesir almagy başarýandygyny göz etmekdi. Bu maksat hödürlenilýän zatlardan has ähmiýetlidi, abraýlydy.

* * *

Ybraýym Wizantiýa serkerdebaşysyny Reýe gönderdi. Özi ýene uly ýeňişleri gazanmak maksady bilen, wizantiýalylaryň ýurduna sary goşun sürdi. Olaryň galalaryny petih kylmaga girişdi, ýöne ol olja, ýesir almaga aşa gyzykdy. Birmahal Musa begiň ogly Hasanyň başyny aýlan ýeňişler onuň-da başyny aýlady. Aşyraw uzaga gitdi. Bir gün hem wizantiýalylaryň eline nädip ýesir düşenini-de aňman galdy. Gözüni açanda eli-aýagy daňylandy, özem wizantiýaly esgerleriň arasyndady[6].

Onuň ýesir düşendigini eşiden Togrul beg Wizantiýa kaýsaryna ilçi iberdi. Ondan köp mukdarda hedýe-engam ýollady hemem Wizantiýa kaýsaryna serkerdebaşy Lipariti mura-mugtuna berjekdigi; Ybraýym ynalyň sag-aman yzyna ugradylmagy üçin bolsa üç ýüz müň dinar pidýe tölejekdigi hakda aýtmagy öwran-öwran tabşyrdy.

Togrul beg sözünde durdy: Abhaz emiri Lipariti derejeläp azatlyga goýberdi, özem ony Wizantiýa serhedine çenli müň esgerli ugratmaga tabşyryk berdi. Kaýsar Togrul begiň bu hormatyna çäksiz minnetdar boldy. Liparitiň yzyna berlendigi üçin ol Togrul bege müň sany ýüpek don, bäş ýüz sany geýim, bäş ýüz at, iki ýüz müň dinar, ýüz bölek kümüş, üç ýüz müsür eşegini, müň sany ak ýüňli, gara gözli we şahly geçi berdi»[7]. Ýöne Ybraýymy zyndandan boşatmagy hemem seljuklylara bermegi, näme üçindir, yza çekdi. Iki aý wagt geçdi. Ybraýym özüniň halas edilmeginiň haýal-ýagallyga salnandygy üçin gahar-gazap donuny geýdi.

– Men Togrula diňe ýeňiş gazanmak üçin hemem kerwen-kerwen olja gazanmak üçin gerek, iş bitensoň, men oňa gerek däl. Iki aýlap bitimi şänik ýaly edip wizantiýalylaryň yzgarly zyndanynda ýarymjan ýatdym, Hudaýyň haky üçin meni hiç bir dogan-garyndaşym idemedi – diýip, ol jabjyndy. – Ýa men nädogry aýdýarynmy? Meniňki nädogrudyr-la. Maňa haçan: «Ybraýym, seniň aýdýanyň dogry» diýildi?

Ybraýym şalygyň rowaçlygy üçin ylgaýardy. Her bir işe düýrmegi bilen berilýärdi. Ýöne öz egindeşlerinden haýsam bolsa biri bižlik ýa-da geleňsizlik etse welin, gahary çüwdesine urardy. Şol mahal ondan gaçarak durandan gowusy ýokdy.

Onuň ýene bir betha häsiýeti bardy, ol hem içinde kitüw, kine saklaganlygydy. Ol Togrul begi janyndan eziz görýärdi, onuň üçin janyny bermäge taýýardy. Wepalydy. Ýöne onuň Togruldan kinesi bardy, özem kinesi soňky ýyllar ýowuzlaşýardy. Käteler gaharyna Togrul begiň garşysyna gidýärdi. Şeýdibem ol özüniň doganyndan birjik-de kem däldigini subut etmekçi bolýardy.

Jebel hem Hemedan sebitleri babatda-da şeýle boldy: Togrul beg ol ýerleriň yktasyny Ybraýym begden alýandygyny aýtdy. Munuň sebäbini Azerbaýjany başybitin ykta berýänligi, şol ýerleriň oňa ýeterlikdigi bilen düşündirdi.

Ybraýym munuň bilen başda ylalaşdy, hakykatdan hem onuň ykta ýerleri aşa köpdi. Ykta ýerlerine aýlanyp çykmak üçin ýüz ýigrimi gün gerekdi. Ýöne Ybraýym kejirlik etdi, tersine tutdy. Özüniň kemsidilýändigini aýtdy. Soňam bekine tutdy: Jebeliň häkimi Kerşasif ibn Alauddöwläni Jebelden kowdy. Soňra Dinewer şäheriniň häkimi Abu Şewkini şäherden çykardy. Abu Şewkin Ybraýym bilen garpyşmakdan heder edip, Hulwana gitdi. Ybraýym ynal Abu Şewkiniň yzy bilen Hulwana baryp, bu ýerini hem eýeledi[8].

Ybraýymyň goşuny uludy. Çünki Togrul begiň Günbatardaky ýeňşi hakda eşiden horezminli, mawerannahrly türkmenler uly ýygyn bolup gelýärdiler. Olaryň ählisiniň maksady baýamakdy, olja edinmekdi. Üznüksiz gelýän türkmenleriň ählisini Togrul beg Ybraýymyň ýanyna gönderýärdi. Olaryň hasabyna Ybraýym ynalyň goşunynyň sany ýüz müňden-de geçdi. Şeýle bolansoň Ybraýymyň goşuny aç çekirtge deýin aýak basan ýerini ýalap-ýülmäp barýardy. Olaryň bir gezek geçen ýerinden soň ilkinji gezek ýekeje-de göze ýakymly zat tapylmaýardy.

* * *

Wizantiýanyň ýagdaýy ýylsaýyn agyrlaşýardy. Müsürden fatymy halyfaty howp salsa, Günbatardan gypjaklar birsyhly çozuşlary bilen uly weýrançylyk edýärdiler. Kaýsar Monomah Pasinde ýeňleninden soň, Anadoluda seljuklylar bilen garpyşmaga heder etdi. Şonuň üçin hem öňden bäri golastynda saklaýan Merwan begliginiň emiri Nasyreddöwle Ahmedi soltan Togrulyň ýanyna ilçi edip gönderdi, oňa her edip-hesip edip parahatçylykly ylalaşyk gazanmagy tabşyrdy. Togrul soltan Merwanogullary begliginiň emiriniň habaryndan soň, Şerip Abul-Fazl Nasyreddini baş edip, Konstantinopola ilçi toparyny iberdi. Netijede «Emewiler döwründe Stambulda bina edilen, ýöne şondan bäri haraba öwrülip ýatan metjitde abatlaýyş-rejeleýiş işlerini geçirip, mährabyň ýüzüne irki türkmen häkimiýetiniň alamaty hökmünde ulanylýan, Togrul begiň hem möhürinde orun alan ok we ýaý şekilini goýmak, Müsür fatymylarynyň adyna okalan şaýy hutbasyny ýatyryp, ýerine sünni Apbasy halypalygynyň, seljukly döwletiniň adyna hutba okadylmak»[9] ylalaşyldy.

1045-nji ýylda Togrul soltan Anadola girdi, Wan kölüniň demirgazyk-gündogar tarapyndaky Bergiri (soňky ady Myradyýe) bilen Erjişi eýeledi. Soňra Bergiriden uzakda bolmadyk Malazgirt şäherini gabady.

Malazgirt şäheriniň galasy ymgyr uludy, diwarlary berkdi hem beýikdi. Goranyş üçin diýseň amatlydy.

Togrul soltan serkerdebaşy Wasiliň goraýan bu galasyna manjanaklardan äpet-äpet daşlary ýagdyrdy, beýleki bir tarapdan bolsa galalaryň diwarlarynyň düýbüni sümlüp geçer ýaly köwdürmäge başlady.

Togrul beg gara güýjüni görkezip, galadakylaryň howuny basmagy, netijede olaryň galany uruşsyz tabşyrmaga mejbur bolmaklaryny gazanmagy maksat edindi: galany gabawda saklamagy, şol bir wagtyň özünde hem galanyň düýbüni köwmegi, manjanak bilen galanyň diwarlaryny ýumurmagy dowam etdirdi.

Gabawyň altynjy gününde garaşylmadyk waka ýüze çykdy.

Bir rumly (wizantiýaly) esger seljuklylaryň öýle namazyny okamaga durandyklaryndan peýdalanyp, agaçdan ýasalan manjanagyň üstüne nebit-kükürt garyndysyny zyňyp, ony ýakdy-da, zut gaçdy. Seljuk esgerleriniň namaza duranlygyndan peýdalanan rumly esger gaçyp Malazgirt galasyna girmäge ýetişdi[10].

Manjanak ýanandygy sebäpli Togrul beg gala zabt etmegi wagtlaýynça goýbolsun etdi.

Bendesiniň isläni däl-de, Resulyň isläni bolýar. Bendesine – Togrul bege galsa-ha ol manjanaklary bilen diwary ýumrup galanyň içine okdurylyp girjekdi hemem Wizantiýanyň ýüregini (Malazgirt – kaýsarlygyň ýüregi hasaplanýardy) eline aljakdy. Muňa Allatagala bu gezek ýol bermedi. Özem ýekeje frankly (ýewropaly) esgeriň eli bilen ýol bermedi.

Allatagala näme islese, şol hem bolýar.

Togrul beg manjanagyň otlanmagyny erbetlige ýordy, şonuň üçin hem Malazgirt galasyny teshyr etmegi soňa goýdy. Goşunyny üç bölege böldi.

Birinji bölegi Gutulmyş begiň salarlylygynda Kawkaza – Janige, Terjana, Sasun daglaryna, Erzinjana ugratdy.

Ikinji bölegi Ybraýym ynalyň salarlylygynda Çoruh derýasyndan aňyrdaky welaýatlary basyp almaga ugratdy.

Birinji bölek gysga döwürde Togrul begiň tabşyrygyny ýerine ýetirdi. Ikinji bölek hem yzly-yzyna ýeňiş gazandy, general Gagikiň[11] goşunyny derbi-dagyn etdi, köp mukdardaky oljany ele saldy. Bu oljalar Mawerannahrdan ýörite gelen türkmenleriň ýetmek islän telwaslarydy.

Üçünji bölege soltan Togrul begiň özi salarlyk etdi. Hernäçe ady-owazasy äleme dolan, her nähili güýçli-kuwwatly bolsaň-da, gepsiz-gürrüňsiz ýeňýändigi, öldürýändigi hakdaky ýelden-de ýyndam bady-şütür habarlar Günbatara dolansoň, Togrul begiň garşysyna hiç bir Rum goşuny çykyp bilmedi. Togrul beg Karsyň köp ýerlerini teshyr etdi.

Gyş pasly ýetip geldi. Gyşda esger saklamagyň kynçylyklary uly bolýardy. Şonuň üçin hem Togrul beg haşamlardan özge esgerleriniň galabasyny öýli-öýüne goýberdi. Galan goşunyň bellibir bölegini Anadoluda goýup, Reýe ugrady, ýolda Wan kölüniň ýakasynda ýerleşýän Adyljewaz (Hud al-Hur) şäherini teshyr etdi.

Togrul beg Reýe gidip barşyna gyşyň düşendigine gynandy. Wah, gyş düşmedik bolsa, onuň entek teshyr etjek şäherleri kändi.

## Ikinji hekaýat

## ÝALAN DOST BAR HEM BOLSA, ÝALAN DUŞMAN ÝOK

**439-njy hijri – 1047-nji milady ýyly**

Kaku şalygynyň soltany Abu Kalyjar[1] seljuk jemagatlaryndan ýaňa dagdy bolupdy. Dogrusy, onuň talanma kemi galmandy. Ol seljuk jemagatlaryndan özüni, şalygyny goramak üçin herhili tagallalar edip görüpdi: aldygyna hedýe-engam hem beripdi. Barybir, onuň bar baýlygy towsa göterildi. Indi onuň üýtgeşik baýlygam galmandy. Şu döwre çenli onda iki sany alada bardy: birinjisi, baýlygyny, ikinjisi janyny goramak. Seljukly jemagatlar gelip, onuň birinji aladasyny aradan aýyrdylar, onuň gizläp goýanjalaryna çenli tapyp alyp, baýlyk goramak endişesinden doly halas etdiler. Indi onda ýeke bir alada bar, ol hem gara başyny goramak. Abu Kalyjar şu maksat bilenem käbir işleri etdi. Seljuklylar bilen guda boldy: Gökdaşyň uýasyna öýlendi, ýerine ýigrimi sany Hemedan gözelini berdi, üstesine-de bäş ýüz dinar mahýa töledi. Ol seljuklylardan zorluk görjek bolanda mydama özüniň garyndaşdygyny nygtady. Barybir, ol şalygynyň hem özüniň sanalgy gününiň galandygyny bilýärdi.

Bilmez ýaly-da däldi. Asyl, seljuklylar Kaku şalygy[2], buid şalygy, Abu Kalyjar älemde bardyram öýdenoklar, bu şalygyň ýerlerini, şäherlerini öz ýerleri, öz şäherleri saýyp, edenlerini edip, goýanlaryny goýup ýörler. Dogry, Reý şäheri-de Kaku şalygynyňky! Togrul beg bu gün bu şäheri özüne paýtagt edinip, ol şäherde ýazylyp-ýaýrap otyr. Gaty arkaýyn, Togrul beg Kaku şalygynyň Hemedan, Yspyhan ýaly iň merkezi şäherlerinem öz emirlerine ykta berip ýör. Garşysyna-da çykar ýaly däl. Seniň ýüz esgeriň bar bolsa, onuň müň esgeri bar. Seniň on atlyň bar bolsa, onuň ýüz atlysy bar. Abu Kalyjaryň özüni seljuklylardan ejiz duýmagynyň baş sebäbi diňe bir olaryň esgerleriniň sanynyň köplüginde däldi. Ýok, baş sebäp haýsy ýere barsa, ýerli ilatyň seljuklylary duz-çörekli, gadyrly garşy alýanlygyndady. Baran ýerlerinde olaryň halasgär hasap edilýänligindedi. Olaryň baran ýerlerinde halasgär hökmünde garşylanmagy wagyzçylaryň, fiskallaryň gowy işleýänligini aňladýardy.

Abu Kalyjar haýsy ýere barsa, şol bir sözi eşidýärdi:

– Zalym-ganhor deýlemlileriň süteminden halas etmek üçin Allatagala seljuklylary bize halasgär edip gönderipdir. Seljuk begleriniň ömürleri uzak, tutumlary rowaç bolsun!

Abu Kalyjar şu güne çenli özüniň deýlemlidigine buýsanyp ýaşady, bu gün bolsa ol özüniň deýlemlidiginiň ejirini çekmeli boldy.

Halkyň arasynda şeýle uly abraý gazanan ýagy bilen her edip-hesip edip gowy gatnaşykda bolmaly. Bulary ýagy edinmek – öz tepbediňi okamak. Şonuň üçin soltan Abu Kalyjar Togrul soltanyň göwnüni nädip awlap boljakdygy hakda gije-gündiz oýlanýardy. Çünki Togrul beg ondan nägiledi. Onuň nägileliginiň

sebäbi Abu Kalyjar seljuklylara garşy söweşmek üçin soltan Masut bilen birleşmekçi boldy. Şu maksat bilen birleşmek üçin Hyrada tarap ýola-da düşdi. Bu matlabyny aňyp, Togrul beg onuň garşysyna çykdy. Onuň öz garşysyna gelýändigini eşidip, Abu Kalyjar yzyna öwrülipdi. Şondan bäri Togrul beg Abu Kalyjaryň ugradan ýeke ilçisinem, töwellaçysynam kabul edenokdy.

Togrul beg tomsuň başky günleriniň birinde Abu Kalyjara Wasyt şäherine barjakdygy hakda habar gönderdi. Bu habar Abu Kalyjaryň dünýäsini çepbe çöwürdi. Habary eşiden dessine Yspyhan şäherinden Wasyt şäherine ýola düşdi. Ýolboýy begiň nädip göwnüni awlap boljakdygy hakda oýlandy. Abu Kalyjar seljuk aýaly Äşäni – Gökdaş başbuguň uýasyny bezemek bezedi. Ol Abu Kalyjaryň ýeke-täk daýanjydy, umydydy. Abu Kalyjar türkmenleriň naçar uýalaryny aşa gowy görýändiklerini, olara özlerine dözmedik zatlaryny-da dözýändiklerini, näme haýyş etse, hökman bitirýändiklerini bilýärdi.

Abu Kalyjaryň ogly Mansur hem ejeligi Äşäniň ýanyndan aýrylmaýardy:

– Togrul bege göni aýt. Goý, ol maňa Ýezd welaýatyny ykta bersin. Men şol welaýata häkim bolaýyn. Ine, şu haýyşymy bege ýetirseň, soň durmuşymyz gowy bolar.

– Ol meniň aýdanymy edermikä?

– Kimiň aýdanyny etmese-de, seniň aýdanyňy eder. Türkmenler naçar uýalary näme isleseler, hernäçe kynam bolsa, hökman bitirýärler. Men muny türkmenleri gowy tanaýan adamlardan eşitdim.

Kaku şalygynyň Jibal ülkesindäki iň gözel şäherleri Yspyhan bilen Hemedandy. Wasyt ol şäherler bilen deňeşdireňde kiçidi. Bu şäher, welaýat Kufäniň hem Basranyň aralygynda ýerleşýärdi.

* * *

Wasyta sary ýola düşülende Altynjanyň aňynda iki pikir bardy. Birinjisi, Kaku şalygyndaky haremhananyň, köşk durmuşynyň nähilidigini bilmekdi, Abu Kalyjaryň hatynlaryny görmekdi. Ikinji bir pikir – Kaku şalygynda Togrul patyşanyň aýratyn hormat goýan ulamasy Abu Aly ibn Sinanyň soltan Mahmytdan gaçyp ilki Nişapura, ol ýerdenem Astrabada barandygy, Yspyhanda Şams ad-Daulanyň[4] weziri bolandygy, ýogalanda Hemedanda jaýlanandygy bilen baglanyşyklydy. Altynjan ulamanyň işlän, ýaşan ýerlerini görmek, guburyna zyýarat etmek isleýärdi.

* * *

Wasyt ýörişinde ýol kesmegi – uzak ýoluň içdysdyryjy bolmazlygy, wagtyň nädip geçenini bilmez ýaly, söhbet birle ýol kesmegi bu gezek soltanyň hajyp as-baby, ýaş ulama Kundury öz üstüne alyp, töwekgellik etdi.

Togrul beg Kunduryny gowy görýärdi, aýratyn hem ylymdarlygy, halallygy, hoşgylawlylygy, arassalygy, öz maksadyna berlenligi üçin gowy görýärdi. Bu gylyklaryň bary birigip, eýesinde wepadarlyk diýilýän iň esasy sypaty döredýärdi, Togrul soltana-da iň gerekli hem gymmatly zat wepadarlykdy. Soltan dogumly kişileri köp görüpdi, buýran işiňi bitirýän, «Telpegini al!» diýeniňde, kellesini getirýän dogumlylar kändi. Togrul beg üçin şirin janyny pida berjek dogumlylar hem kändi, ýöne, arman, şol dogumlylygy özi üçin ulanjaklar, kelle alyp, mundan özüne-de, özem saňa bildirmän peýda görjekler hem bardy. Gizlinlik, ýaşyrynlyk, bähbit ara girende, wepadarlykdan nam-nyşan galmaýar. Dünýäde ylymly adamlar hem köp, ýöne olaryňam käbiri saňa ylym, akyl öwredip, muny-da öz kiçijik bähbidine hyzmat etdirjek bolup çytraşýar. Kiçijiklik, ownukçyllyk bar ýerinde bolsa, wepadarlykdan zat galmaýar. Emma Kundurynyňky ýaly halallyk hem arassalyk bar ýerinde wepadarlyk hiç ýere ýok bolup gitmez. Onuň ylmy-da, dilewarlygydyr işeňňirligi-de, gara başy-da soltanyň hyzmatynda. Kundurynyň şahsyýeti Togrul bege özge şalaryň paýyna berilmeýän bir artykmaçlygy – ýakynyndaky adama ynam etmek paýyny berdi. Begiň janyny, maksadyny, syryny – tutuş baryny ynanýany diňe Kundury däldi, şeýle ynamdarlar başga-da bardy, kändi. Şu hem Togrul begi ýeňişli, işi hemişe ugruna bolan beýik mertebä ýetirdi.

Togrul beg Kundurynyň sopuçylyk baradaky çuň, gyzykly hem lezzetli söhbetlerine hemişe maýyldy. Yslam öz gözbaşyny hezreti Pygamberiň durmuşyndan alyp gaýdýanam bolsa, Togrul beg üçin sopularyň ýaşaýşy, pikirleri we matlaplary türkmeniň Oguz eýýamyndaky – yslamdan öňki erenleriň adatlary, parasatlary hemem ömri bilen deň bir zatdy. Togrul beg üçin yslam tuguny ýokary galdyrmak Oguzyň düşünjelerini dowam etdirmek bolup durýardy. Bu hakykat onuň milli duýgusyny apalap, oňa taryhyň jümmüşinden gelýän içki ruhy güýç-kuwwatyna joş berýärdi. Sopuçylyk, erenlik bilen baglanyşykly zatlar Togrul beg üçin tas hususy, şahsy, onuň durmuşynyň içki bir pynhan tarapydy. Şonuň üçinem ol bu hakda iň

ýakyn adamlarynyň arasynda Kundury bilen içgin pikir alyşýardy, bu gürrüňlerden çäksiz lezzet alyp, öňküsinden has ynamly, has aýgytly hem has dogumly bolýardy.

Kundury soltany-da, Altynjany-da özüniň dinler, mezhepler hakdaky täsirli söhbedine imrindirmegi başardy. Ol Ajam ýurdunda yslamdan owal otparazçylyk, buddaçylyk, ýahudy, mesihi, brahmany, manewi we mitraýy ýaly birnäçe ynançlara uýlup ýaşalandygy, olaryň käbiriniň häzirem bardygy, Muhammet pygamber dünýäden ötensoň onuň orny, halyflyk, ymamlyk ugrundaky agzalalyklaryň başlanandygy, sünni, şaýy, howaryj mezhepleriniň dörändigi hakda joşup-joşup söhbet etdi. Hiç kim onuň sözüni bölmedi.

Togrul beg hanafyçylygy ileri tutýardy, mugtazylalylaryň hemem mütekellimlileriň jedellerine hezil edýärdi, özi-de olar bilen jedel gurýardy, köşkde mydama ulamalary, sopulary, şahyrlary saklaýardy.

Wagtyň nähili geçeni duýulmaýardy.

Kundurynyň söhbedine Togrul beg-de, Altynjan hatyn-da gowy baha berdi. Onuň bu ýol kesmesi hajyp al-bab wezipesinden wezir wezipesine geçmegine badalla boldy.

* * *

**Ine,** Kaku şalygynyň neberesi, wezir-wüzeralary Togrul begiň öňünde tagzym edip durlar. Olaryň ýekesem başyny galdyryp bilenok. Diňe Abu Kalyjaryň hatyny Äşe tagzym etmän, Togrul begiň gaşyna göni geldi. Onuň ynamly ýöräp gelşini gören jandarlar aňkarylyşyp galdylar, çünki hiç bir kişi begiň dergähine şeýle arkaýyn baryp bilmeýärdi.

– Muhammet, meni tanamadyňmy?

– Äşe dogan, bu senmi?

– Tanamarsyň öýtdüm.

– Äşe, heý, senem bir unudyp bolarmy?!

– «Öýlenjek däl, öýlenjek däl» diýip, ahyr öýlenipsiň-ä!

– Ýeri, niçik gördüň?

– Özüňe mynasybyny saýlap bilipsiň.

– Göwnüň ýetdimi?

– Göwün ýetmez ýaly däl-ä, bu – perizat!

– Deýlemliler seni horlaýan-a däldirler?!

– Ýok, ýok, ýagdaýym gowy.

– Aýt, çekinme, menden näme isleýärsiň?

– Mansura Ýezd welaýatyny ykta ber.

– «Mansur» diýýäniň kim?

– Adamymyň uly ogly.

– Seniň diýeniň bolar. Heý, saňa-da: «Ýok!» diýip bolarmy? Ýeri, başga näme islegiň bar, aýt! Sen näme diýseň, men aýdanyňy ederin. Naçar dogan hiç haçan hor-zar, binowa bolmaly däldir.

– Başga haýyşym ýok.

* * *

Giň köşgüň içindäki belent tagtyň üstünde Altynjany oturtdylar. Içeride elliden gowrak hyzmatkär-gyrnak onuň hökümine garaşyp durdy. Garşysynda dyza çöküp, başlaryny aşak salyp duran gelin-gyzlaryň galabasy Abu Kalyjaryň haremhanasynyň hatynlarydy. Galanlary Wasytyň emiriniň haremhanasynyň hatynlarydy. Altynjanyň ýeke agyz sözi olaryň ykbalyny çözýärdi.

Hatynlar Altynjanyň göwnünden turmaga çalyşýardylar.

Hatyn Abu Kalyjaryň maşgalasyna rehimdar çemeleşdi. Olara hiç hili jeza berjek bolmady. Abu Kalyjaryň hatynlary, Zübeýda atly owadan gyzy bilen has-da mylakatly gürleşdi.

Äşe bu ýere öz garyndaşlarynyň gelmegine begenmek begenýärdi. Togrulyň ýanyna göni barmagy, tagzym etmän gürleşmegi, Mansury Ýezd welaýatyna häkim belletmegi onuň abraýyny artdyrypdy. Indi ondan heder edýärdiler. Ýöne onuň hem Altynjan hatynyň ýanynda susty pesdi. Megerem, ýat dilli halkyň içinde ýeke bolansoň köp kösençlikleri çeken bolarly, Altynjanyň ýanynda horkuldap bady-boýran aglady, ony gujaklady.

Äşe hemem Abu Kalyjaryň Zübeýda atly gyzy Altynjanyň ýanyna hiç kimi getirmeýärdi. Ýogsam Wasytyň emiriniň hatynlary hem Altynjana özleriniň hyzmata taýyndyklaryny aýtmak isleýärdiler.

Äşe hatynyň olar bilen gazaply gürleşýändigini Altynjan hatyn aňýardy, ýöne bilmedikden-aňmadykdan bolýardy. Oňa o zatlary bilmegiň, dogrusy, zerurlygam ýokdy. Oňa kim hyzmat edende näme?! Kaku soltanynyň hatynlarynyň emiriň hatynlaryndan gowy hyzmat etjegi belli ahyryn.

Haýsy ýere gitse, Altynjanyň aýagyny ýere degrenokdylar: ony tagtyrowanly göterip alyp gidýärdiler. Hebeşi gulamlar asyl ýadanokdylar.

* * *

Olar üç zenan bolup şähere aýlandylar. Şäheriň gözel-gözel ýerleri hakda Zübeýda Altynjana süýjüdip-süýjüdip gürrüň berýärdi. Äşe käte-käte Zübeýdanyň gürrüňiniň üstüni ýetirýärdi.

Gaty köp jandarlar-haşymlar olaryň barjak ýerlerinden adamlary kowup çykarýardy. Şeýle bolansoň köçeleriň gyralarynda ilat Altynjany görmek üçin garaşyp durdy. Olar Altynjanyň tagtyrowany ýakynlaşanda çöke düşüp, öwran-öwran tagzym edýärdiler. Maňlaýlaryny ýere degirýärdiler.

Ir ertirden başlanan gezelenç Gün günortandan agýança dowam etdi.

Gezelenç ýene dowam etjekdi, ýöne Togrul begden gelen çakylyk olaryň gezelenjiniň arasyny kesdi.

Olaryň gezelenç edip ýören ýerlerine atlaryny getirdiler.

Altynjan ata tekgesiz münüp bilýän däldir öýdüp, hebeşi gullar onuň atynyň öňünde egilip basgançak bolup durdylar, olaryň arkalaryndan basyp, ata münmelidi. Altynjan hyzmatdan peýdalanmady, atynyň jylawyny alyp, biraz ýöredi. Soňam sol elini atyň boýnundan, sag elini hem eýerden tutup, bir bökende edil tüweleý göteren ýaly atylyp, ýöräp barýan atyň üstüne mündi.

Wasytlylar Altynjandan beýle herekete garaşmadyk bolarly, haýran galmadan ýaňa begençli, başly-barat gygyryşdylar.

* * *

**Altynjan Wasyt sebitiniň howasyny, tebigatyny halady.**

**Niräňe seretseň baglyk. Niräňe seretseň, turunjylyk. Pyrtykal, hurma.**

**Çar ýanyň zümerret deýin gögeren bag-bakjalar, zümerret deýin giden tokaýlyk.**

**Ýere düşek ýazmak zerurlygy ýokdy. Allatagala ähli Wasyt sebitine gyrymsy ot düşäp çykypdyr.**

**Ýaýylyp ýatan göm-gök depeler, gülşen sähralyklar geň-enaýy ir-iýmişlerden doludy.**

**Şäheriň, obalaryň ilaty parahatdy. Olar degre-daşlaryndaky ir-iýmişleri – hozlary, turunjylary, pyrtykallary, pisseleri, hurmalary ylla görmeýän ýalydylar.**

**Şäheriň bazarlarynda adyny tutan harydyň bardy. Kerwensaraýlar dürli ýurtlaryň täjirlerinden, söwdagärlerinden ýaňa hyň berýärdi.**

**Wasytyň gündogar çetinde iki sany köşk bardy. Ol köşkler gür tokaýlyga çümüp otyrdy, köşkleriň birinde şäheriň emiri ýaşaýardy. Beýlekisi bolsa Togrul beg üçin niýetlenilendi. Abu Kalyjar bu köşgi özi üçin saklatsa-da, ýedi ýyla çeken şalygynyň içinde bary-ýogy Ýez**dden gaýdanda ýeke gezek gelipdi. Onda-da garaňkyda gelip, daňdan hem ýola düşüpdi.

Köşkden tokaýa gidýän ýoda bardy. Ýodanyň iki gyrasy-da burundyk tokaýlykdy. Tawus guşlar, keýikler erkana gezip ýördi. Olar atlylardan ürkmelidirem öýtmeýärdiler.

Altynjan indi bir hepde bäri her gün säher oýanyp, daşaryk çykýardy. Onuň daşaryk çykanyny gören on-on iki sany tawus guşy loňk-loňk edişip gelýärdi. Altynjan guşlara nan bölüşdirip iýdirýärdi. Olaryň çokup, nan böleklerini alyşlary Altynjanyň göwnüni açýardy.

Mäkiýan däl-de, diňe erkek tawuslar owadan, kyrk öwüşginli bolýan ekenler. Altynjan Allatagalanyň ähli janly-jandarlaryň urkaçysyny owadan edip, diňe tawuslar babatda tersine etmesiniň hikmeti barada oýlanýardy, bir gezek bu pikirini Togrul bege-de aýdypdy. Beg onuň bu sözüne «loh-lohlap» güldi. Bu hikmeti mäkiýan tawusyň günä iş edendigi: owadan guýrugyna bukup, şeýtany behişde salandygy, şeýdibem Allatagalanyň näletine duçar bolandygy bilen düşündirdi.

Togrul beg her gün daňdan hatynynyň tawus guşa nan berip bolaryna garaşardy, soňam onuň bilen ertirki gylyçlaşyk türgenleşigine başlardy.

Bu ýere gelenden bäri beg her gün säher hatyny bilen gylyçlaşyk türgenleşigini geçýärdi. Ol türgenleşigi Reýde köplenç Hapban Endikäni han ýa Mübärek han bilen geçerdi, hatyny bilen geçýän gezeklerem az bolmaýardy, Anuşirwan bilenem, hajyp Abdyrahman Agajy bilenem geçýärdi, ýöne Wasytda diňe Altynjan bilen geçdi.

Tawuslara elindäki çöregi beren Altynjan garşysynda hüjüme häzirlenip duran bege bakyp, bilindäki ýataganyna el ýetirdi:

– Başlalyň, begim?!

– Başlaly!

Gylyçlaşyk türgenleşigi başlandy. Bu türgenleşik iki tarap birder – bir gezek süllümbaý bolup derleýänçä, ýadaýança dowam edýärdi. Şeýle bolansoň bu darkaşlar käteler günortana çenli uzaýardy.

Togrul beg gylyçlaşanda bar ünsüni garşydaşynyň gözlerine gönükdirýärdi. Sebäbi garşydaşyň howuny basmagy darkaşda iň esasy zat hasaplaýardy.

Altynjany içgin synlap darkaş gurýan beg dillendi:

– «Turunjyly ýerde dynç almak isleýärin» diýip aýdanyň ýadyňda barmy, Altynjan?

– Ýadymda, begim, ýadymda.

– Är hatynynyň islegini amal etmeli. Men jahangirlik bilen aşa başagaý bolup, seniň şol islegiňi kanagatlandyrmaga-da wagt tapmadym. Ynha, indi jahangirligimiz rowaç aldy. Gijem bolsa, saňa dynç berýärin.

– Bir hepdäniň nähili geçenini-de duýman galypdyryn.

– Bu ýeri saňa ýarapdyr-da onda?!

– Ýarady! – Altynjan adamsynyň soňky sowalyna geňirgendi. Togrul beg hatynynyň geňirgenme bilen seredendigini duýsa-da, duýmazlyga saldy. Gaýtam, ýene Altynjanyň garaşmadyk sowalyny berdi: – Altynjan, entek garran-a dälsiň?

Altynjan nämä garaşsa-da, begden bu söze garaşmandy. Onuň göz öňünde dessine owadan Zübeýda peýda boldy:

– Eger öýlenmek isleýän bolsaňyz, begim, men örän begenerin. Size mirasdüşer gerek.

Togrul beg hatynynyň bu sözünden soň, birki ädim yza çekildi, gylyçlaşmasyny goýdy:

– Saklan!

Altynjan hüjüme häzir bolup durşuna bege soragly seretdi.

Togrul beg keremara ýöräp Altynjanyň ýakynyna geldi:

– Gör, sen nämäniň pikirini edip ýörsüň?! Mende mirasdar bar, Süleýman bar, hiç bolmasa, Öwez[5] bar, olar meniň ýolumy dowam etdirerler. Ýöne häzir men o hakda aýtmakçy bolmadym...

Beg hatynynyň başyndaky çyzmyga berkidilen ýukajyk ak tuwagyny sypyryp zyňyp goýberdi. Soňam onuň altynsow saçlaryny penjeläp özüne çekdi:

– Altynjan, men seniň göwnüňe kän degdim, ýöne sen her gezek üýtgeşik çydamlylygyň bilen meni haýrana goýduň. Seniň ornuňy tutup biljek adam dünýäde ýokdur. Sen meniň ýeke-tägimsiň! Düşnüklimi?

– Men düşünýärin, begim, düşünýärin.

– Ýok, ýok, sen düşünmeýärsiň. Sen meniň Altynjanymsyň! – diýip, Togrul beg Altynjany garsa bagryna basdy-da, şeýle bir gujaklady welin, gapyrgalary şakyrdady gitdi. – Sen meniň naýybymsyň, nedimimsiň. Seljuk begleriniň ýekesiniň hatyny hem hatyn[6] unwanyna mynasyp bolup bilen däldir. Sen bu unwana mynasypsyň, Altynjan! Men saňa öz şalygymda tarhanlyk ygtyýaryny berýändirin. Sende baş weziriň hukugy hem ygtyýary bardyr. Ähli wezir-wekillerim seniň guluňdyr.

Togrul patyşanyň bu sözleri Altynjana syrly göründi: «Eý, Hudaý, beg bir betbagtlygyň boljakdygyny bilip, hoş söz aýdýarmykan?! Näme üçinkä?»

Gylyçlaşyk dowam etdirildi.

Iki nazar ýene biri-birine gönükdi.

Biri-birine degip uçgun syçraýan gylyçlaryň sesleri uzaklara ýaýraýardy.

Darkaşda, esasan, beg hüjüm edýärdi, Altynjan goranýardy.

Darkaş birde endigan gidýärdi, birde ýitileşýärdi.

– Altynjan, näme ýalňyşlyk goýberendigiňi bilýärsiňmi? – diýip, soltan Altynjanyň bokurdagyna gylyjynyň ujuny degirip saklady.

– Bilýärin, begim.

– Näme?

– Pikire gitdim.

– Näme üçin ömrüň gylsyrat köprüsindekä pikir edýärsiň?

– Adamymyň syrly sözleri meni özüm hakda oýlanmaga mejbur etdi...

Togrul beg syrly ýylgyrdy.

Gylyçlaşmak ýene dowam etdi.

* * *

**A**ltynjan Zübeýdanyň uzyn saçyndan sypady-da:

– Bir mahal meniňem edil seniňki ýaly uzyn saçlarym bardy. Beg ýatanda, saçlarym bilen ýüzüni örtüp ýatmagy gowy görerdi – diýdi.

Emenek nazaryny dikip duran Zübeýda birden hünibiryan aglamaga başlady. Altynjan:

– Zübeýda, saňa näme boldy? – diýip, ony köşeşdirmäge çalyşdy.

– Meniň siziň ýanyňyzdan aýrylasym gelenok, melikäm. Meni ýanyňyza çory edibem bolsa almagyňyzy soraýaryn.

– Zübeýda, sen – şa gyzy! Sen asylly ýeriň gyzy. Saňa çory bolmak aýpdyr. Sen Togrul begiň hatyny bolmaga mynasyp.

Altynjan hatynyň teskin bermek üçin aýdan bu sözi Zübeýda bilen onuň ejesine güýçli täsir etdi: olar begenmek begendiler, Altynjanyň aýagyna ýykylyp, togap edip, alkyş okamaga başladylar.

– Altynjan hatyn Togrul beg üçin Zübeýda bikämize söz aýtdy!

– Eşitdiňmi, Zübeýda hatyn Muhammet Togrul begiň hatyny bolar.

– Biziň hemmämiz Zübeýda melikämiz bilen Muhammet Togrul begiň haremhanasynda ýaşarys!

– Zübeýda melikäm – Togrul begiň hatyny!

Altynjan zynharlady:

– Ýok, ýok, siz maňa nädogry düşündiňiz, men beg üçin Zübeýda gyza söz aýdamok. Duruň, duruň!

Altynjan nämä garaşsa-da, durmuşyň beýle öwrümine garaşmandy: bu habary saklamaga ol ejiz geldi. Dogrusy, ol habary nädip saklajagynam bilmedi.

Eneli-gyz şindem başlaryny galdyrman Altynjan melikäniň aýagyna togap etjekdiler, ýöne ýörişe ugramalydygy barada Togrul begiň habary geldi. Eneli-gyz müň mertebe baş edip ýerlerinden turdy. Begençli habary köşkdäkilere söýünjilemek üçin akgyzlaryň hersi bir tarapa eňdi.

Altynjan elewredi: özüniň näme diýmekçi bolandygyny düşündirmäge çalyşdy.

Durmuşyň ýasawy şeýle: her kim bu dünýäde görmek isleýän zadyny görýär, eşitmek isleýän zadyny eşidýär. Kakuly hatynlar hem Altynjanyň ýarym sözünden öz eşitmek isleýän talwasyny eşitdiler. Olara häzir başga pikir gerek däl, asla gerek däl!

Altynjan kakulylar bilen häzir düşünişip bilmejekdigine göz ýetirenden soň, atyna atlandy.

* * *

**Togrul beg ýüzden gowrak atly bilen şäheriň gündogar çetinde garaşyp durdy. Altynjan öz atlylary bilen baransoň, ol ýola düşdi.**

**Uzak gidilmedi.**

**Togrul beg Wasytyň gündogar tarapyndaky ullakan bir depäniň deňinde atdan düşdi:**

**– Depä çykalyň!**

**Depä pyýadalap çykmaly boldy. Togrul beg keremara dyrmaşyp barýardy. Ol näçe ýokary dyrmaşsa-da, özünde ýadawlyk duýanokdy.** Onuň süňňi ýeňil gopýardy. Käbir kötel ýerde hatynyna tekge bolýardy. Anuşirwan hem Altynjanyň gapdalyndan ýöräp barýardy.

– Ýadadyňmy? Ýokary çykyp biljekmi? – diýip, Togrul beg hatynyndan sorady.

– Ýadamok, begim. Ýokary çykaryn, hökman çykaryn.

– Ýadan wagtyň aýt, şol ýerde durubereris.

Depe onçakly bir uly däldi, ýöne köteldi, oňa aýlanyp çykmaly bolýardy.

Togrul beg bilen Altynjan iň öňden barýardy. Wezir-wekiller olaryň yzlaryndady.

Abu Kalyjar Ahmet Dehistanyga nämedir bir zady janygyp düşündirýärdi.

Wezir Ahmet Dehistanynyň goltugynda bir daňy hat-petek bardy. Abu Kalyjar onuň goltugyndaky daňyny götermäge birki ýola döwtalap bolanda, wezir ýüregi ýarylan ýaly garşy çykdy.

Çagry begiň ogly mälik Süleýman hiç kime goşulman töwerek-daşyny teşnelik bilen synlaýardy.

Wezir-wekilleriň ählisi depä çykyp, demlerini biraz dürsänlerinden soň, ynak Ýusup Bazyrgany sakynyp-sakynyp söze başlady:

– Kyblaýy älemim, ynha, biz Allatagala ýakyn ýerde, arassa ýerde durus. Şu ýerde, eger rugsat berseňiz, Abu Kalyjaryň bir isteggähini size ýetirmekçi.

– O nähili islegdir ol?

– Beýik soltan! – Abu Kalyjar çustlandy. – Meniň meniklije oglum bar. Siz oňa Ýezdi rowa bildiňiz. Bu sahawat-hasanatyňyz üçin biz – Kaku neberesi size bütin ömrümize alkyş okarys, metjitlerimizde mydama siziň adyňyza hutba okarys. Bu zaman külli musulmanlar Muhammet Togrul beg – sizi özüne patyşa bilýär. Sizi gerdun pelekde tanamaýan ýekeje-de adam ýokdur. Bu gün dünýä ýüzi siziň aýagyňyzyň aşagynda. Siziň ýekeje sözüňiz, ýekeje yşaratyňyz kuwwatly bir döwletiň birki ýyldaky güýjüne barabar iş bitirýär. Dünýäde siziň güýjüňize, siziň pähimiňize taý geljek ýekeje-de güýjem, lutfu pähim-parasat hem ýokdur. Onsoň abraý lybasy şeýle beýik adamyň didaryny görmegiň, aýak tozuny öpmegiň, garyndaş bolmagyň nähili uly anaýatlykdygy, şükür hem mertebe ganaty birle uçmakdygy ähli kişä düşnüklidir. Kaku nesilşalygynyň – biziň seljuk begleri bilen, Togrul beg bilen garyndaş bolasymyz gelýär. Bu babatda biz siziň ýene bir ýalkawyňyza umyt baglaýarys. Altynjan hatyn meniň gyzym Zübeýdaga siziň üçin söz aýdypdyr. Biz Altynjan hatynyňam, siziňem islegiňize garşy gidip bilmeris. Gaýtam, muňa özümiň çäksiz hursantlygymy äşgär etmekçi bolýaryn. Ömür egilmedik hem egilmejek boýunlary egmek mertebesini beren Beýik Perwerdigär sizi, goý, mydama öz penasynda ömri-derazlykda aman saklasyn! Allatagalanyň ýerdäki wekiline – Size hamt hem sahawat, lutfu kerem bolsun! Beýik Biribaryň bir katra suwundan serwi kamatly, gülşen ýüzli jemalyny ýokluk perdesinden çykaryp, barlyk älemine rowa bilmek amaly dowamat bolsun! Oglum Mansur – batyr, akylly ýigit. Ol siziň sadykat guluňyz bolar. Ol mydama siziň permanlaryňyzy mutyglyk birle ýerine ýetirer...

– Altynjan, men seniň bilen düşünişdim ahyryn. Şondan soňky bu nutuklar näme gerek? Sen näme üçin maňa hiç zat diýmän söz aýdýarsyň?! Sen meni nähili güne salýarsyň? – diýip, Togrul beg Abu Kalyjaryň sözüni soňlaryna garaşyp durmady.

– Begim, gürrüň bu ýerde başga zat hakda barýar – diýip, Ýusup Bazyrgany gorka gürledi.

– Kalyjaryň gyzy hakda Altynjan maňa aýtdy, şonda men onuň jogabyny berdim.

– Abu Kalyjaryň gyzy meseläniň diňe bir tarapy, begim.

– Ikinji tarapy hem barmy onuň?!

Ynak aljyraňňy sözledi:

– Begim, Abu Kalyjar düýn bize isleg-telwasyny doly düşündirdi. Ol siziň neberäňiz bilen garyndaş bolmak isleýär. Siziň doganyňyz Dawut begiň Zübeýda atly gyzy bar. Abu Kalyjar Dawut begiň şol gyzyna ogly Mansur üçin hyrydar çykýar. Bir söz bilen aýtsak, Abu Kalyjar bir Zübeýdany berip, bir Zübeýdany almak isleýär.

Abu Kalyjar howlukmaç gürledi:

– Gyzym siziň sadykat gyrnagyňyz bolsun!..

Mälik Süleýman edilýän gürrüňi halamady, gaşlaryny çytdy, biraz gapdala çekildi.

Togrul beg uludan demini aldy, Ýusup Bazyrganynyň sözüni halamady, Ahmet Dehistanyga ýüzlendi:

– Ahmet, biz şu ýere kakularyň gudaçylygyny çözmäge geldikmi?

– Ýok, begim. Biz bu depä Altynjan...

– Dur, dur, saklan! Ol zatlary sen permandan öň aýtjak bolma! Biziň şu depä çykyp, ilki etmeli zadymyz nämedi?

– Wasyt ýaýlasyny synlamak, hökümdarym!

Togrul beg ynagyň ýanyna baryp, ýuwaşja dillendi:

– Janköýerlik edýärsiň welin, Ýusup, Kalyjary köneden bäri tanaýarsyňmy?

– Aý, ýok.

Beg köpmanyly baş atdy:

– Geliň, onda, ilki bilen, öz işimizi edeliň. Kalyjaryň meselesi gepiň gerdişine görä çözülýän mesele däl. Ol düýpli mesele – aýratyn gürrüň. Onuň üçin ýörite ýygnanyşarys. Şeýtsek bolmazmy, Kalyjar?

– Bolar, hökümdar!

Altynjan özi üçin ýakymly bir permanyň okaljakdygyny duýdy.

Togrul beg Altynjany Wasyt sebitine emir bellemekçimikä? Ýa bu ýerlerini ykta bermekçimikä? Ýa şu ýerden maňa bagyşlap köşk gurjak bolýarmyka?

Togrul beg Altynjan hatyna talak bermekçi bolýan bolaýmasyn? Ýa aýry ýaşamak isleýärmikä?

Belki, özi Reýde, Altynjany bolsa Wasytda ýaşatmakçy bolýandyr?! Belki, Kabyly Wasyta emir bellemek isleýändir? Belki, bu sebiti Sadyllaga ykta berer?! Şa şa bolýar. Näme edeýin diýse, ygtyýary özünde.

Altynjan begiň özünden «Reýde ýaşanymyz gowumy ýa Wasytda?» diýip soranyny ýatlady. Diýmek, beg Reýden Wasyta göçüp gelmek isleýär. Ýaşamak üçin Reý gowy ahyryn. Wah, «Wasyt gowy» diýip, Reýden göçmegiň zerurlygynyň ýokdugyny, bu ýerde bar zatlaryň Reýde artygy bilen tapylýandygyny bege

nädip düşündirip bolarkan?! Begiň bu islegini wezirler Anuşirwan ibn Tümen hem, Ahmet Dehistany hem bilen bolmaly, ýöne olar Altynjanyň ýanynda hiç zatdan habarsyz boldular. Gel, Ahmet Dehistany hiç zat aýtmasyn, ýöne Anuşirwan aýtmaly ahyryn! Ýa oňa beg hiç zat aýtmazlygy tabşyrdymyka?!

Ähli kişi sesini çykarman töweregine esewan edip durdy.

Altynjan Wasyt şäherini depä çykyp synlap görmändi.

Allatagalanyň demi hasaplanýan ýel depede ýiti duýulýardy. Demirgazykdan ösýän ýel duranlaryň eşiklerini sypyryp bilmeýänine jany ýanýan dek, ahmyrly ses edýärdi.

Altynjanyň ilki gözüniň kaklyşany Wasydyň metjidi boldy. Metjit, metjidiň iki diňi, hana, özleriniň ýaşaýan köşgi magallaklap görünýär.

Şäher baga bürenip otyr. Allatagala bu şäheriň adamlarynyň açlykdan kösenmezlikleri üçin her dürli datly ir-iýmişleri boldan eçilipdir. Süri-süri keýikler agaýana sonarlap ýör.

Durnagöz çeşmeler, bulaklar akyşyp ýatyr.

Togrul beg töweregine birlaý göz aýlady-da, weziri Ahmet Dehistanyga «Başlaber!» diýip yşarat etdi.

Ahmet Dehistany sesine nazym berip, Togrul begiň permanyny okady.

Perman uzyndy, onda Altynjan melikäniň hatyn unwanyna mynasyp bolandygy, bu unwana laýyklykda oňa wezir, goşun, mülk, hazyna berilýändigi, mülk-ykta hökmünde Wasyt welaýatynyň saýlanyp alnandygy aýdylýardy. Ondan soňra Wasyt sebitiniň araçäkleşýän ýerleri, obalary, her obada näçe adamyň ýaşaýandygy birin-birin sanalýardy.

Permanda Wasyt welaýaty bilen serhetleşýän galalar, oba-kentler, daglar-dereler, çeşme-çaýlar Altynjana nätanyşdy. Ol bu atlary ilkinji gezek eşidýärdi.

Perman okalyp gutaransoň duranlar Altynjany mülki bilen mübäreklediler.

Bu permana hemmeden beter Anuşirwan bilen Süleýman mälik begendi. Olar gelip, Altynjan hatyny gaýta-gaýta mübä-reklediler.

Altynjan Togrul begden nämä garaşsa-da, beýle permana garaşmandy. Dogrusy, ol häzir permana begenibem bilenokdy, gynanybam. Bu mülküň özi üçin näme ähmiýetiniň bolup biljekdigine düşünmeýärdi. Ol Togrul begiň hatyny. Diýmek, diňe bir Wasyt sebiti däl, ýedi yklym Altynjanyň öz mülki bolmaýarmy eýsem?! Ähli dünýä özüniňkikä – Togrul beg hem Altynjanyňky ahyryn! – Wasyt sebitiniň mülk berilmesine nähili düşünmeli?

Togrul beg Altynjanyň bu soragyny eşiden ýaly, jogap berdi:

– Altynjan, men ömrümiň paýawlap barýandygyny aňýaryn. Seniň menden uzak ýaşajakdygyňy hem aňýaryn. Öňem aýdypdym saňa bu hakda. Men ölenimden soň, seniň hor-homsy bolmagyňy – Çagra, Ybraýyma, Gutulmyşa, Öweze ýa Süleýmana, Anuşirwana elgarama bolmagyňy islemeýärin. Togrul begiň döwletiniň içinde, goý, seniň men tarapdan resmileşdirilip berlen mülküň bolsun. Goý, seniň baýlygyň köp bolsun. Jandarlaryň-haşymlaryň bolsun. Anuşirwan seni goldar. Doganlaryň Sadylla bilen Kabyl seni goldarlar. Men ölenimden soň sen bu ýerlerde erkana ýaşa! Şu günden başlabam Wasyt seniňki! Men bu ýere gelip etmek islän işimi etdim. Indi ugrabersek hem bolýar, ýöne sen öz on müň atly goşunyň bilen bu ýerde gal. Sen bu ýere öz doganlaryňdan haýsam bolsa birini emir belleseň, dogry bolar. Wasyt bilen tanyşmagyň, işleriňi ýola goýmagyň üçin men saňa bir hepde wagt berýärin. Bir hepdeläp sebiti aýlanyp çyk, obalar bilen, adamlar bilen tanyş. Adamlaryň özüňi gowy görmegini isleseň, olara görünme! Adamlar seni ýakyndan tanasalar, sen olar üçin syrly hem täsin dälsiň. Diňe kethudalar bilen duşuş. Il-günüň hormatlaýan baýlaryny tozdurmakdan saklan. Olary diňe öz syrlylygyň bilen gorkuzyp, öz bähbidiň üçin peýdalan. Abu Kalyjar ýa-da onuň ogly Mansur hyzmatyňda bolsun. – Togrul beg Abu Kalyjar bilen Mansura seretdi. Kakulylar baş egip, özleriniň hyzmat etmäge taýýardyklaryny mälim etdiler. – Goý, bular ýanyňda bolsunlar. Saňa ýol görkezerler. Wasytyň häzirki emirini başga bir şähere göçür. Mansuryň giýew bolmak-bolmazlyk meselesi saňa eden yhlasyna görä bolar. Şu gün anna güni. Indiki anna ýanyma barmasaň, ertesi idegiňe çykaryn. Düşnüklimi, Altynjan hatyn? Men başda ýanyňda Anuşirwan bilen Süleýmany goýup gitmekçidim, ýöne olar maňa zerur gerek boljak. Ýanyňda Kabyly goýup gidýärin. Biz ömrümizi ýüwrüp geçirdik. Dynç aljak ömrümiz örän az galdy. Şonuň üçin galan ömrümiziň her bir gününi bilelikde eşrepi deýin tutmalydyrys.

Altynjan hatyn adamsynyň bu permanyna, sözlerine näme jogap berjegini bilmedi, dymdy.

– Byradarlar! – diýip Togrul beg duranlara ýüzlendi. – Wasytyň täze eýesiniň zyýapatyny görmän ýola düşsek, jotda bolar. Bu gün Altynjan hatynyň zyýapatynda bolup, ertir daň bilen ýola düşsek, neneň-niçik bolar?

– Zyýapatdan bolsun!

* * *

*441-nji hijri ýyly – 1049-njy milady ýyly.*

*Bu ýyl Togrul beg bilen dogany Ybraýymyň arasynda düşünişmezlik ýüze çykdy. Togrul begiň dogany köp sanly esger ýygnap, Togrul beg bilen söweşdi. Togrul beg dört gün dowam eden gabawdan soň ony ýeňip, galany boýun egdirdi. Ýöne Togrul beg dogany Ybraýyma ýagşylyk etdi we ony ýanynda saklady.*

*Beýle tarapdan Wizantiýa imperatory Togrul bege Ybraýym ynaly ýesir alandygyny, begiň doganyny öz wizantiýaly bir ýesir serkerdesi bilen çalyşmak isleýändigini aýdyp hat ýazdy. Togrul beg wizantiýaly serkerdäni hiç bir zat talap etmezden boşadyp goýberdi. Dogany Ybraýymyň azat edilmegi üçin köp möçberde sowgat gönderdi.*

**Ibn Kesir.**
**Başlangyçdan ahyra çenli.**

## Üçünji hekaýat

## GÜL SOLSA, BAHASY BIR PUL

Allatagala zenanlary erkek kişilerden has näzik ýaradypdyr. Sebäbi düşnükli onuň. Birinji gezek ýasan zadyňdan ikinji ýasan zadyň kämil bolýar, çünki birinjide goýberen säwlikleriňi ikinjide düzedýärsiň. Allatagala-da Adamatany kyrk ýyllap ýasanda goýberen säwliklerini Howenäni ýaradanda düzeden, kämilleşdiren bolarly. Sebäp Howany ýasamak üçin Allatagala kyrk ýyl gerek bolmandyr. Adamata ukudan oýanýança gözüňe söweýin bir melegi ýasap oturyberipdir...

Adam aňk bolup Howanyň ýanyna barypdyr, oňa habar gatypdyr. Ana, şondan bärem zenanlaryň ýanyna ilki erkek kişiler barýandyr. Ilki bolup, habar gatmak hem erkekleriň parzydyr.

Ilkinji söz erkekleriňkidir.

Soňky söz zenanlaryňkydyr.

Islegi kabul edip-etmezlik zenanlara baglydyr.

Zenanlar aşa geçirimlidir.

Zenanlar aşa çydamlydyr.

Olar ähli zada geçirimli, çydamly bolsalar-da, ärleriniň öz üstlerine hatyn almagyna, başga bir hatyn bilen bir ýorganda çyrmaşyp-derläp-bugaryp ýatmagyna welin, teý öwrenişibem, çydabam bilýän däldirler.

Herhal, Altynjan Zübeýdanyň owadanlygynam, näzikliginem bilýärdi. Iň esasy, bu deýlemi gyzy ýaňy on alty ýaşy dolan ýaş gyzdy. «Belki, Zübeýda bilen çyrmaşsa, bege täzeden jahyllyk dolanar?! Patyşalaryň ählisiniň ýaşy könelişiberende ýaş gyz bilen çyrmaşyp ýatmaklary ýöne ýerden däl ahyryn. Ýaş gyz bilen erkek kişi çyrmaşyp ýatanda gyzyň ýaşlyk gujury erkege geçýär, erkege ýaşlyk berýär, gaýrat-gujur berýär...»

Altynjan Togrul begiň öýlenmegine kaýyldy, sebäbi tagta mirasdüşer gerekdi.

Ol begiň mirasdüşeriniň aladasyny köp edipdi. Ençe gezek Togrul begiň ýanynda owadan-owadan gyzlar hakda gürrüň gozgapdy. Her gezegem beg hatynynyň garşysyna çykypdy, asyl, bu hakda gürrüň edilmeginem islemändi. Başda özi islän-de bolsa, soň, begiň öýlenmegi Altynjana agyr degdi. Ol soňky döwürde begiň özünden başga zenan bilen bir ýorganda ýatmajakdygyna berk ynanypdy. Bu gün onuň şol ynamy weýran bolýardy! Agyrdy, juda agyrdy!

Altynjanyň göwnüne bolmasa, kimdir biri öz garşysyna, kastyna çykan ýalydy.

Kim?

Ol bu hakda uzak oýlanýardy. Togrul beg köşk durmuşyny, adamlar bilen gatnaşyk etmegi, içki gapma-garşylyklary «ikinji basgançak» diýip atlandyrypdy. Altynjan Abu Zarga Hannakynyň içki dünýäsini oraşan görmegi başarypdy, ýöne ähli kişi Hannaky däl, olaryň köpüsiniň içki dünýälerini bilip bolanok. Adamyň dili bir zat diýýär, ýüregi, päli düýpden başga zat diýýär, başga zat edýär.

Altynjan Togrul begiň adam tanamakdaky üşügine haýranlar galýardy. Ol adamy bir görende içki pälini, pikirini magat bilýärdi, ýöne, bilse-de, geçirimlilik edýärdi, görmedikden-bilmedikden bolýardy.

– Adamlaryň kemçiliklerini aýdyp, olary daşymdan kowsam, onda men kim bilen işläýin?! Esasy zat, adamlaryň maňa hyýanat etmezlikleri. Rast, maňa hyýanat edenoklarmy, maňa bolany şol – diýip, beg maksadyny düşündirýärdi.

Altynjan hatyn begiň geçirimliligini töwekgellik hasaplaýardy. Özi adamlara ýakynlaşmakdan saklanýardy. Ähli kişi bilen gaty hüşgär gatnaşyk edýärdi, soňky günler bege-de köp görünmeýärdi.

Gülýüzli barka ol özüni gorap duran galkan bar ýaly duýýardy. Häzir welin, özüni penalan şol galkany ýokdy. Şonuň üçinem onuň üstüne duşman howpy abanaýjak ýalydy. Bu howp gije-gündiz aýrylmaýardy.

Onuň aýratyn howatyrlanýan adamlary bardy. Şolaryň biri Peýkamdy. Onuň bolşuny Altynjan halamaýardy. Özem ony birinji gören gününden bäri halamaýardy. Ol birinji gezek Zamahşara baranda Altynjana hapa sözler bilen azgyrylypdy. Ol Altynjany mydama bege ýamanlaýardy, özüniň içki pikirini ýaşyrjagam bolup duranokdy, köplenç:

– Hatyn diýeniň öýde sülmüräp oturar, nahar-şor, tikin-çatyn bilen gümra bolar. Sen özüňi erkek ýaly alyp barýarsyň. Söweşde seniň körüň ýok, otur öýde! – diýip, açyk gygyrýardy.

Togrul beg Peýkamy höre-köşe edip, köşeşdirýärdi, Altynjanyň ähli ýerde ýanynda bolmagyny özüniň isleýändigini düşündirýärdi, Peýkam şol mahal ylalaşan, düşünen ýaly bolsa-da, birki aýdan soň ýene köne heňine başlaýardy.

Altynjanyň berk ynanjy boýunça özüniň begden urulmagyna, göwresindäki çagasynyň düşmegine Peýkam sebäp bolupdy.

Şeýle pikirde bolansoň, Altynjan Peýkamy ýigrenmek ýigrenýärdi, käte oňa gaharlanýardy. Şonda olaryň arasyna Bekdaş Rudbar düşýärdi.

Altynjan hatyn Bekdaşy hatyralaýardy, sebäbi ol Peýkam ýaly betlagam biwazy däldi. Az geplidi, salykatlydy, hoş sözlüdi.

– Peýkam ikiňize dogan diýer ýaly däl – diýip, Altynjan Bekdaşa sygynýardy.

– Peýkamyň ýaradylyşy şeýle, biraz köpräk gürleýär, ýöne ýüregi gowy onuň. Ol seni gowy görýär, saňa gowusyny etjek bolýar, seni goraýar.

«Bekdaş bilen Peýkam dogan» diýseň ynanar ýaly däldi. Sebäbi olaryň sagty-symmatlary-da meňzeş däldi. Bekdaş geçen ýyl pygamber ýaşyny ýaşapdy, Peýkam ondan iki ýaş kiçidi. Şeýle-de bolsa, ol agasyndan garry görünýärdi. Saç-sakgaly juwar akdy. Ol, Ybraýym ýaly, hiç wagt üst-başyna üns bermeýärdi, egin-eşigi mydama hopul-sopuldy. Gyş-u-ýaz aýagyna hiç zat geýmeýärdi. Onuň Peýkam adyna mynasyp häsiýeti bardy, içýakgynç sözleri bilen göni ýüregiňden urmaga ökdedi. Adamyň bir kemini tapyp, üstünden gülmegi hem gowy görýärdi. Onuň çakyr sesi bardy. Şol çakyr sesi eşidende Altynjanyň myrryhy atlanýardy.

Bekdaş welin, adama eger-eger ajy söz aýtmaýardy, sypaýydy, seljuk döwletine dönüklik etmeseň, onuň garşysyna ýaramaz söz aýtmasaň, onuň seniň bilen işi ýokdy.

Altynjan Bekdaşyň geýnişini, arassaçyllygyny, edepliligini, hoşgylawlygyny gowy görýärdi. Çagasynyň düşmeginiň sebäpkäriniň kimdigini soranda aýtmandy. Özüniň Peýkamdan göwnüniň garalýandygyny aýdanda bolsa, Bekdaş Peýkam üçin zol-zol ötünç sorapdy.

Altynjan Ýyldyrym Sebzewary-da halamaýardy. Onuň Daňdanakan söweşinde wepat edendigini eşidende, dogrusy, ýeňil dem alypdy.

Hatyn Ýusup Bazyrganyny ilki-ilkiler gowy görýärdi, sebäbi ol gaty yhlaslydy, Altynjana ýaranmak üçin gaty yhlas edýärdi. Ýöne soňky birki ýyl bäri, göwnüne bolmasa, Ýusup Bazyrgany özüne bile-göre ýamanlyk, kast edýän ýalydy. Ol toý babatda-da gaty yhlasly göründi. Onuň yhlaslylygy Altynjanyň gaharyny getirdi. «Bu kişi näme üçin maňa ýamanlyk etjek bolýarka?» diýip, kän oýlandy. Onuň bilen baglanyşykly wakalary birin-birin aňyndan geçirdi. Onuň nirede göwni galyp biler?

Asly seljuklylardan bolan Ýusup Bazyrgan şäherinde doglupdy, söwda bilen meşgullanýan kakasy aradan çykansoň, olaryň maşgalasy seljuklylaryň arasyna dolanyp barypdy. Ýusup ýaşlykda ýegre dosty Togrul begiň goldawy bilen Bagdatda fykh ugrundan bilim alypdy. Ol gürlände howlukman, sözleri het-jikläp gürleýärdi.

Ynagyň Hyratda ykta ýeri bardy. Onuň yktasynda alty ýüz adam işleýärdi. Kazwinde, Ärdebilde, Zenjanda, Reýde, Jürjanda dükan açypdy. Olar dört dogandylar. Doganlary bezirgenlik edýärdi, Hindistana kerwen çekýärdiler, söwda edýärdiler. Ýusup olary mydama goldaýardy, olar hem Ýusuby goldaýardy.

Mundan iki ýyl owal Ýusup Bazyrganynyň iň kiçi inisi Nurmuhammet perişan halda köşge gelipdi. Ol şonda Tabarystandaky Şirwin dagynda garakçylaryň ýüz düýe ýüküni talandyklaryny arz edipdi. Nurmuhammet Bazyrgany harydyny otuz dokuz müň dinar bahalapdy. Kundury: «Nurmuhammediň ýitgisiniň öwezini beýtilmaldan – döwletiň gaznasyndan tölemeli» diýip perman berende Altynjan ilki topar döredip, şol talaňçylygyň anygyna ýetmegiň gerekdigini aýdypdy. Altynjanyň bu sözüne Ýusup biçak gaharlanypdy. Onuň özüne gazap bilen bakyşy Altynjanyň uzak wagtlap ýadyndan çykmandy.

– Wah, beýlekiler babatda hem şeýdip aladalanaýsadyň! – diýip, Altynjan ynagy köteklӓpdi. Altynjanyň bu sözünden soň Nurmuhammet aýdylan puluň ýarysy bilen çӓklenipdi.

Ýusup Bazyrgany bu gün, belki, şol waka üçin ar alýandyr?!

* * *

**Toýa b**eýemçilik edýän Ýusup Bazyrganynyň tutumy uludy.

Ol toýuň sähedini sapar aýynyň ýigrimi sekizine belledi. Köp ýerlerden myhmanlar çagyryldy, ýöne Togrul begiň bolşy, asyl toýuň boljagyndan habarsyza meňzeýärdi. Toý bilen baglanyşykly ähli meseläni ynak Ýusup Bazyrgany öz üstüne alypdy.

– Sen meniň rahatlygymy bozýarsyň, Altynjan. Ýalan dost bolsa-da, ýalan duşman bolmaýar. Duşman hiç wagt dost bolmaz. Her näçe dostsyrasa-da, içindäki duşmançylygyny aýryp bilmez. Bir amatly pursat peýläbem aryny alar. Gurt çagasy ekdi bolmaýar. Şonuň üçin, iň gowusy, gurt çagasyny ýakynyňa getirmezlikdir. Bähbit – erkiň hem adalatyň hökümdary. Kakulylaryň bähbidi – ölmän aman galmak.

Altynjan begiň ýürekden syzdyryp aýdýan sözlerine ynanýardy hem gynanýardy. Ol adamsyna hakykaty aýdyp bilenokdy. Wah, ol ähli zadyň tötänlikde bolandygyny, Zübeýdaga: «Sen Togrul begiň hatyny bol!» diýip aýtmandygyny nädip düşündirsin?! «Zübeýda bilen Äşe maňa nädogry düşündiler» diýsinmi?

Altynjan bolan wakany diňe hajyp Abdyrahman Agaja gürrüň beripdi. Ol hajyba ynanýardy, sygynýardy.

Hajyp «adamyň jany ýaly» diýilýänlerdendi. Onuň haçan ýatyp, haçan dynç alýanyny bilýän adam ýokdy. Biri az ýatýan bolsa, ol Togrul begdi, ýöne Abdyrahman Agajy mydama begiň öňündedi, mydama onuň goragyndady. Bege bir howp abansa, öz şirin janyna döz gelip, özüni howpuň öňüne gorky-ürküsiz taşlap biljek adamdy. Şeýle ahwal üç-dört gezek bolupdy hem.

Abdyrahman güleryüzli, nurana kişidi. Beg ony okadyp, sowat beripdi. Onuň Togrul bege, Altynjana goýýan hormaty ýürekdendi. Wasytda bolan wakany eşidip, Abdyrahman Agajy gynanmak gynanypdy:

– Siz aýtmagy gelşiksiz görýän bolsaňyz, men aýdaýyn?

– Ýok, ýok! Hiç zat aýtma. Gül solsa, bahasy bir pul.

– Hatyn, siz özüňizi solan gül hasaplaýarsyňyzmy? Ýok, ýok, siz hiç wagt solmajak gül! Beg üçin sizden eziz, sizden ýakyn adam ýok, bu pelekde. Abu Kalyjaryň gyzy siziň ornuňyzy tutup bilmez. Onuň pikirini hem edip oturmaň. Ynha, görersiňiz, beg Zübeýdany iki-üç günden unudar. Ynanaýyň, ol sizsiz oňup bilmez. Begiň sizi nähili küýseýändigini, nähili ezizleýändigini men duýýaryn, görýärin. Ýörişlerdekä hem: «Altynjanyň ýagdaýy nähilikä?» diýip, ol köplenç sizi ýatlaýar, alada edýär. Siz begiň naýyby ahyryn.

Altynjan begiň özüni gowy görýändigini bilýärdi. Ýöne gowudan gowy zenanlar bar. Zübeýdanyň näz-kereşmesiniň öňünde-de erkek bolup durar ýaly däl. Ol ýüregiňi eredip, erkiňi alyp, jylawlap barýar.

Abu Kalyjar özüniň bege goýýan hormatyny tekrarlamak isläp, gyzynyň ýany bilen gaty köp mukdarda halat-serpaý iberdi. Ýöne kejebäniň, halat-serpaýlaryň gelen güni Togrul beg hatyny bilen awa gitdi.

Kejebäni ynak Ýusup Bazyrgany bilen Ahmet Dehistany garşylady.

Altynjan awda toýy aňyndan aýyrmakçydy, ýöne aýyrmagy başarmady.

Togrul beg hem başarmady: öňküleri ýaly, ýazylyp-ýaýrap aw-da etmediler. Olardan, barybir sustluk aýrylmady…

* * *

Altynjan Togrul begiň Abu Kalyjaryň gyzy Zübeýdaga öýlenýän nika gijesi otagynda hiç kimi içeri goýbermän ýeke özi çugutdyryp oturdy.

Aglamak aglady.

Nika gyýylmaly pursat ýakynlaşdygysaýyn onuň howsalasy artdy: «Indi men hiç kime gerek däl!»

Häzir nika gyýarlar: fatha kylarlar.

Onsoň olar düşege geçerler.

Altynjanyň dem sanap garaşan pursady ahyryl-ahyr geldi.

Nika gyýmak üçin topar bolup geldiler.

Altynjan diňleýärdi. Gözlerini ýumup, nika gyýylyşyny, fatha edilişini, Togrul begi, Zübeýdany göz atuwynda janlandyrýardy, hyýalynda ähli zady görýärdi, ähli zady eşidýärdi.

Togrul beg resime eýerip Zübeýdany urarmyka?

Nähili bolarka?

Beg kejebäni garşylamandy. Şol sebäpli Zübeýda ertir urulmandy. Altynjan goýun derisinden taýýarlan kürtekçesini Zübeýdaga geýdiripdi. Togrul beg içeri girende onuň etmeli her bir hereketini birin-birin düşündiripdi.

Zübeýda gamçy iýip gören gyz däldir, Altynjan ýaly çydamly hem däldir, Togrul beg uranda ol görgüli näderkä? Altynjan hatyn öz ýaşlygyny, nika günündäki Togrul begiň gamçysyna mertlik bilen döz gelşini, muňa Togrul begiň haýran galyşyny buýsanç bilen ýatlady.

Ömründe buýsanar ýaly pursatlary az bolmandy onuň. Ol şol merdana pursatlaryny mydama kanagatlanma bilen ýatlaýardy. Eger ýaşan ömrüňde şeýle pursatlar ýok bolsa, onda nämä buýsanyp ýaşajak?! Onda ýaşan ömrüň näme manysy bar?..

Birden Zübeýdanyň çirkin sesi töwerege ýaňlanyp gitdi. Eý, Hudaý, onuň gygyraýşyny!

Soňundan ýene öňküsi ýaly dym-dyrslyk aralaşdy.

Altynjan bu ümsümlige geňirgendi.

Wa-weýla, boldugymykan?

Togrul beg bary-ýogy ýeke gamçy urdy. Indi urjak dälmikä?

Begiň ýüregi ýukalyp ýören bolmaly.

Begiň jak-jaklap gülküsi haremhanany sarsdyryp gitdi.

Eý, Hudaý, beg güler ýaly nähili gowy zat barka? Zübeýda begiň gülmegini nädip başardyka?

Togrul beg gülýär, diýmek, onuň keýpi çag bolmaly.

Zübeýda ýaş gyz, özem biçak owadan gyz. Şeýle gyz gaşynda näme etse, kaýyl bolup dursa, elbetde, keýpi kök bolar. Beg gülmän, eýsem, kim gülsün?!

Dym-dyrslyk.

Otagyň içinde diňe beg bilen Zübeýda bolmaly.

Gyz galpyldap durandyr.

Beg çykarynýandyr.

Ol Zübeýdaga: «Eşigiňi çykar!» diýip ündändir.

Beg iki şemden özgesini söndürer. Bu onuň edähedi.

Olar eýýäm düşege geçendirler.

«Garşylyk görkezmeli däl. Begiň gaharyny getiräýme» diýip, berkden-berk sargalansoň, Zübeýda gaty kösenýändir.

Beg uzak garaşmagy halamaýardy. Ol janperwer Zübeýdany bagrynyň aşagyna alandyr. Ýaş gyzy bagryna basan begiň göwni göteriler. Ol bu gijäni ukusyz geçirer. Dünýäni unudyp, aýşy-şöhwetde bolar.

Altynjan dem alman Zübeýdanyň gygyrmagyna garaşdy, ýöne gykylyk-ses çykmady.

Eý, Hudaý, bu näme boldugy? Zübeýda näme üçin gygyrmaýar, ýa beg garrap ýörmükä? Aý, ýok, beg ýylsaýyn jöwher açýar. Şu ýaşda-da hepdede üç gezek küwende bolmagy başarýar. Özem käteler daňdana çenli Altynjan bilen çyrmaşyp ýatyp, şondanam göni turup giderdi, uzynly günem ukusyzlygyny duýman döwleti edara ederdi. Altynjan welin, hassa ýaly, ýerinden galyp bilmän ýatardy. Nädip galsyn?! Endam-jany soka salnan ýaly zerzawdy. Ysgyny ýokdy, aýaklary ysgynsyzlykdan ýaňa sandyr-sandyr eder durardy. Altynjan: «Begim, siziň ýylsaýyn aýgyrlygyňyz artýar. Men-ä size döz gelip bilemok, uzynly gün ýerimden galyp bilmedim, ýerimden turjak bolsam, başym aýlanýar» diýerdi.

Ol günler geçdi gitdi…

Wagt geçip durdy, ýöne Altynjanyň garaşýan gykylygy çykmaýardy.

Ol: «Häzir Zübeýda gygyrar» diýip pyşyrdady.

Gykylyk!

Ol gykylykdan ýaňa ýer sarsdy.

Ol gykylyk Altynjanyň garaşan gykylygy däldi.

Bu gykylyk Altynjanyň asla garaşmadyk gykylygydy.

Gygyran Zübeýda däldi.

Ýok.

Gygyrýan Togrul begiň hakyt özüdi. Ýaňyja hezil edip gülen beg gahardan ýaňa ýer sarsdyryp gygyrýardy. Özem onuň diýýän zady Altynjanyň dünýäsini çepbe çöwürdi.

Heý, begiň diýýän sözleri akyla sygar ýalymy? Ol iň soňky sözi aýdýar-a!

Togrul begiň gykylygy Altynjanyň gulagynda ýaňlanýar:

– Talak! Talak! Talak!..

Gapy şarkyldap açyldy.

Içerden Zübeýda atylyp çykdy.

Ol çuw-ýalaňaçdy, eşikleri gujagyndady. Gyz özüniň ýalaňaçlygynam bilmeýän bolarly, hünübirýan aglaýardy.

Altynjan serasyma bolup Zübeýdanyň ýanyna ylgady, ony haremhananyň boş otaglarynyň birine saldy.

– Melikäm! Melikäm! – diýip, Zübeýda Altynjanyň egninden gujaklap bady-boýran aglaýardy.

– Köşeş! Köşeş! Ähli zat düzeler! – diýip, Altynjan ony köşeşdirmäge çalyşýardy.

– Ýok, ýok, ol maňa eýýäm talak berdi. Indi bar zat gutardy. Indi doganym Mansur Ýezdden kowular, babam hem öldüriler. Men olaryň bagtyny ýatyrdym.

Batly ýaňlanan ses olary doňduryp taşlady:

– Altynjan nirede? Altynja-an, nirede sen? Altynjany tapyp getiriň!

Altynjan otagdan çykdy.

Kundury ylgap geldi:

– Altynjan hatyn, size beg garaşýar.

Wah, Altynjan Kundury aýtmasa-da, begiň garaşýandygyny eşidip durdy, ýöne ol bu mahal begiň ýanyna barmaga gorkýardy. Ol Zübeýda bilen begiň arasynda nämäniň bolandygyny bilenokdy. Soranyňda-da Zübeýda häzir jogap berip biljek däldi. Altynjan begiň gaharyny getiren zadyň nämedigi barada oýlanýardy.

– Hatyn, size beg garaşýar! – diýip, Kundury ikinji gezek dillendi.

Altynjan weziriň ýüzüne seretdi, hyrçyny dişledi.

Ol Togrul begiň garaşýan otagyna girdi.

Içerde iki sany şem ýanyp durdy.

Beg dyzdanlydy, elinde gamçysy bardy.

– Işigi ýapyp, ýakynyma gel! Gel bahymrak! Bahymrak!

Togrul beg ýakynyna gelen Altynjanyň depesinden gamçysyny inderip ugrady. Her näçe ursa-da, gahary köşeşer ýaly däldi.

Altynjan sarsman durdy. Begiň gazabyny görensoň, ol yzasyny-da onçakly duýmady.

– Sen näme üçin meniň gözümi-başymy aýlaýarsyň? Näme üçin? Ä?

Togrul beg eden işini telek hasaplan dek, gamçysyny eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi. Soňam garşysynda sarsman duran Altynjany esli salym synlady, synladygyça özüni müýnli duýdy.

Altynjan hiç mahal ejizlemegi halamaýardy, ýöne eziz adamsynyň rehimsizligi onuň ýüregini dilim-dilim etdi. Ony kemlik basdy.

Hamsykdy:

– Begim! Men döz gelerin!

Soňundan sojap-sojap aglady.

Togrul beg Altynjany garsa gujaklady. Onuň ýüzünden sypady:

– Altynjan!.. Maňa senden başga hiç kim gerek däl! Düşünýärsiňmi, maňa dünýäde senden başga hiç kim gerek däl!..

Beýiklik esasy meseleleriň ählisinde beýikligi aňladýar. Beýikler mutlak beýik bolup bilmez, mutlaklyk diňe Allatagala degişlidir. Beýik adamlaryň ownuk, kiçi taraplary diňe kiçi meselelerde özüni bildirer, ululykda bolsa olar hemişe uludyrlar, irilikde olar hemişe iridirler, beýiklikde hemişe beýikdirler.

Beýikler ömür hemrasy bolan hatyn, söýgi meselesinde ownuk, kiçi bolup bilmeýärler. Togrul begiň mähir hem söýgüden püre-pür ýüregi diňe Altynjana degişlidi. Begiň patyşa hökmündäki beýikliginiň ölçegi öz hemrasyna bolan beýik söýgä ukyplylygydy. Diňe beýik duýga ukyply ýürek giden bir milletiň öňüne düşüp, ony beýiklige ýetirip, külli adamzadyň ykbalyny kesgitläp bilýär. Gursagynda gurrumsak, pes ýüregi bolan kişi beýik işleri gaýryp bilmez.

Togrul beg Altynjany söýüp, bir zada göz ýetirdi. Onuň özüne-de, dünýä-de bolan gatnaşygy Altynjana söýgüsiniň üstünden geçip gidýän eken. Altynjana bolan gatnaşygyny üýtgetmek onuň üçin özi hem pelek bilen aralygyndaky köprini ýumurmakdy. Bu onuň üçin özüni weýran etmekdi. Söýginiň hakykylygy, beýikligi, duýgynyň hemişelikligi – söýginiň adamyň tutuş ömrüne barabarlygy. Beýle söýgi juda seýrekdir. Ol adam duýgusynyň wagtlaýynlyk, geldi-geçerlik häsiýetinden has ýokary galyp, düýpli bir zada öwrülen halatynda mümkin bolýar. Munuň juda seýrekligi bolsa duýgynyň öz tebigaty boýunça pursatlyk, wagtlaýyn närseligi sebäplidir. Dünýäde iň üýtgewçil zat duýgy. Her bir närse ýaly, onuň hem belli bir ömri – ýaşy bar. Özem has gysga ömri bar. Bu duýgynyň hemişelik häsiýete geçmegi, wagtyň çäginden çykmagy üçin, onuň düýpli ruhy mazmuna geçmegi gerek. Ruhy mazmun bolsa, adamyň durmuşa duýgulaýyn däl-de, akyl-parasat hem ahlak manydaky gatnaşygyndan kemala gelýär. Şatlyk, begenç, gaýgy, lezzet, hatda bagt hem duýgy hökmünde az salymlykdyr, ornuny başga duýga berýän pursatlaýynlykdyr. Ömürboýy şol gülläp

oturan adamy göz öňüne getiribem bolmaz. Söýgi duýgy derejesinden has çuňa gidýär, ynsanyň adamçylyk ruhy hususyýetiniň mazmunyna geçýär. Bu bolsa adamdan entek dirikä aýrylmasyz zatdyr. Şol bir wagtda-da söýgi hemişe öz duýgy esaslaryndan daş düşmeýär. Şonuň üçinem onuň lezzeti, sapasy bardyr.

Altynjan Togrul begiň ýüreginde berk orun alan, baky solmajak güldi, mukaddeslikdi.

## Dördünji hekaýat

## KÖZI GORJASAŇ – ÝANAR

### I.

Emir Uhjury sapar aýynyň birinji güni öz ýerine Abu Zurga Hannakyny wagtlaýyn belläp, Hyrat hem Tus şäherlerinde hasap-hesibiň alnyp barlyşyny ýerinde barlamak maksady bilen ýola düşdi.

Onuň gideninden on gün geçenden soň, Abu Zurga Hannaky wezir Kundury bilen Altynjan hatynyň ýanynda sahyp Uhjurynyň işini dowam etdirýändigini, ýöne diwanyň ýöredilişinde kemçilikleriň aşa köpdügini, sahyplyk wezipesini Uhjurynyň oňarmaýandygyny, ýöne özüniň welin, oňarjakdygyny aýtdy.

Altynjan hatyn ör-gökden geldi:

– Seniň işe alynmagyňa sebäp bolan, saňa güwä geçen kim?

– Elbetde, Uhjury, ýöne men hakykaty göni aýtmaga borçly: wyždanyma ikilik etmegi başarmaýaryn.

– Hakykaty Uhjury gelensoň aýdarsyň, häzirlikçe gidiber.

Abu Zurga Hannaky ruhdan düşmedi: öz öňünde goýan maksadyna ýetmek üçin ikinji bir tilsimi ulandy.

Wezirler diwanynyň mejlisine gatnaşyp, onda – bu mejlise Togrul beg hem gatnaşýardy – çykyş etdi:

– Beýik Perwerdigäriň (goý, beýik Taňra alkyşlar bolsun!) döreden hem öz mähribanlygy birle ýaradan zatlarynyň ählisiniň özeninde her dürli ýagşylyklaryň dürli röwüşleri ýatandyr. Olara akyl ýetirmekden ynsanlaryň pähim-parasatlary gaty pes gelýär. Olaryň aýratynlyklaryna düşünmäge akyldarlaryň hem paýhasy-akyly ýetmeýär. Bilýän hem duýgur adamlar bu «syra» akyl ýetirmek, düşünmek üçin hernäçe çytraşsalar-da; «Hawa! Döretmek we häkimiýet oňa degişli. Dünýäleriň eýesi bolan Allatagala alkyşa mynasyp»[1] diýlişi ýaly, her gezek olar öňkülerdenem başarnyksyz we güýçsüz bolup galýarlar.

«Allatagala hökümdarlygy islänine berer» diýmesi hakdyr. Allatagala külli musulman bendeleriniň içinden Togrul begi hökümdar saýlady. Biz Allatagalanyň halan, saýlan kişisi Togrul bege düýrmegimiz bilen hyzmat etmelidiris. Meniň Togrul begiň ýalkawynda gulluk edip ýörenime köp wagt geçenok, şeýle-de bolsa, men gysga döwrüň içinde köp zatlary öwrenmäge, köp adamlary tanamaga ýetişdim.

Dogrymy aýdaýyn, köşkde, diwanlarda, umurylarda öz işiniň ussady, önjemli adamlar köp. Men öz sahybym Uhjura, baş wezirimiz Nasyr Kunduryga, Mübärek hana, Abdyrahman Agajyga, Bekdaş sahyba aýratyn tagzym edýärin. Olaryň ählisi Togrul bege wepadar adamlar. Togrul beg üçin şirin janyny bermäge taýýar adam olar. Men hem Togrul beg üçin şirin janymdan geçmäge taýýardyryn. Begimiziň ömri uzak, jany tut deýin sag bolsun!

Adam öz söýýän işini edende ömrüne many çaýylýar. Ýeňil, joşgunly işlenilýär. Ine, meniň merhemetli sahybym Uhjury! Ol ajaýyp adam! Zehinli, sowatly adam. Onuň başarmaýan zady ýok. Ol özüniň häzirki alyp barýan işini – yhtysap diwanyna sahyplyk etmegi birkemsiz oňarýar. Özem gije-gündiz işleýär, bizem işe galkyndyrýar. Şeýle-de bolsa, ol köplenç özüniň gowy görýän işini ýatlaýar. Uhjury serkerdelik etmek, Seljuk şalygynyň hakyky goragçysy bolmak, seljuk şalygynyň serhedini giňeltmäge gönüden-göni goşant goşmak – saýlama goşunda han bolmak isleýär. Käte ikiçäk oturanymyzda ol maňa: «Meniň göwnüm söweş meýdanyny, darkaş küýseýär. Togrul beg meni saýlama goşuna han bellese, seni-de meniň ornuma goýsa, gör, nähili jüpüne düşjek!» diýip göwün ýü-würdýär. Men Uhjury sahyba: «Meniň wezipe hantamaçylygym ýok. Bar islegim Togrul bege gije-gündiz hyzmat etmek, onuň ynamyny ödemek» diýip, jogap berýärin. Elbetde, men yhtysap diwanyna sahyp bolsam, diwanyň işini has gowulandyrardym, şalygyň baýamagyna gönüden-göni goşant goşardym. Men bu zatlary gepiň gerdişine görä aýdýaryn.»

Abu Zurga Hannaky howlukman, şeýle bir süýji gürleýärdi, näçe gürlese-de irizmeýärdi, diňlemek lezzetlidi.

Onuň şol çykyşyndan soň Uhjury saýlama goşunyň bir tümenine han bellenildi.

Abu Zurga Hannakyny bolsa Uhjurynyň ýerine – yhtysap diwanyna sahyp bellediler.
Altynjan hatyn nägileligini gizlemedi:
– Men seniň sahyp wezipesine bellenendigiňi bilmän galdym. Wagtynda bilen bolsam, garşy çykardym. Men seni häzir wezipäňden düşürip bilerin, ýöne meniň bir talabymy bitirseň, seni işden aýyrmaýyn.
– Bitirerin, hökman bitirerin, aýdyň!
– Meniň gözüme görünme! Daşda bol! Düşnüklimi?!
– Merhemetli Altynjan melike, men size uly hormat goýýaryn. Meni näme üçin halamaýandygyňyza düşünmek isleýärin...
– Sebäbi seniň diliň jennet, içiň welin, dowzah!
– Siz men barada nädogry pikir edýärsiňiz…

* * *

Bu öwrülişikden bir aý geçenden soň Uhjury han öňki işlän ýerine geldi. Özüniň öňki oturan ýerinde Abu Zurga Hannaky otyrdy.
Täze sahyp hanyň ýüzünden gar ýagýandygyny görüp, göwünli-göwünsiz ýerinden turdy:
– Sizi hoş gördüm, merhemetli han!
– Men seniň bilen düşünişmäge geldim.
– Ikimiziň aramyzda düşünişmezlik, ýalňyşmaýan bolsam, öňem bolmandy, häzirem ýok, indem bolmaz, ýöne, isleseňiz, zoraýakdan döredip bolar.
– Men Hyrada gidenimde näme üçin yzymda wezirler diwanynyň mejlisinde çykyş etdiň, onda näme üçin meniň ömür aýtmadyk sözlerimi aýtdyň?
– Men siz hakda diňe gowudan-gowy sözleri aýtdym, sizi öwmek öwdüm: adamkärçiligiňizi, başarnygyňyzy, ökdeligiňizi, işeňňirligiňizi wasp etdim. Siz munuň üçin maňa sagbol aýtmakçy bolýarsyňyzmy? Hökman däl.
– Men hiç wagt han bolmak, söweşe gatnaşmak islemedim. Sen meniň dünýewi adamdygymy gaty gowy bilýärsiň.
– Siz özüňize ynanylan beýik wezipäňizden nägilemi?
– Sen maňa at oýnatma! Meniň näme isleýänim, näme islemeýänim bilen seniň işiň bolmasyn!
– Meniň işim bolmaz, ýöne ýörite gelip, bu hakda gürrüň gozgandygyňyz üçin men soraýdym.
– Men saňa haçan: «Han bolmak isleýärin» diýdim?
– Han bolmak islemeýärsiňizmi?
– Sen ýaramaz adam ekeniň! Sen meniň ýagşylygyma ýamanlyk bilen jogap berdiň. Sen meniň wezipämi almak üçin, mejlisde ýalan sözläpsiň. Ýalan bilen uzaga gidip bilmersiň.
– Duruň, duruň. Maňa minnetli söz aýtmaň, eden ýagşylygyňyz üçin men size zerli don hedýe berendigimi ýadyňyzdan çykardyňyzmy?
– Sen ol dony men öýde ýokkam goýup gaýdypsyň.
– Dogry, ýöne hedýe almaýan, halal adam ol zerli dony yzyna gaýtarardy, ýöne siz gaýtarmadyňyz. Sebäbi siz hedýe almagy gowy görýärsiňiz.
Beýle garşylyklaýyn jogaba garaşmadyk Uhjury biçak gaharlandy, gözlerini kinaýatly oýnadýan Hannakynyny düýt-müýt edäýerli göründi:
Hasp-hesip bölüminiň otuza golaý işgäri näçe ýyl bile işleselerem Uhjurynyň häzirkisi ýaly gaharlanan pursadyna gabat gelmändiler, asyl, ol gaharlanýandyr hem öýtmezdiler. Sebäbi Uhjury häsiýeti boýunça ýuwaş, dogruçyl, sypaýy adamdy. Adama aňsat-aňsat agyr söz aýtmaýardy. «Han bolmak üçin gazaplylyk, talabedijilik gerek. Harby iş meniň bu häsiýetime dogry gelenok» diýip, ol köplenç nygtaýardy. Hasap-hesibe, kagyzlara bulaşyp oturmagy welin, gowy görýärdi, bu işden ýadamaýardy.
Özüniň eý görýän işinden gitmesiniň sebäbi hakdaky hakykaty eşiden Uhjury göni Hannakynyň ýanyna gelipdi. Gelýärkä: «Eşiden zadym nädogrudyr» diýen pikir bardy. Abu Zurga Hannakynyň ulumsylygy, eşiden habarynyň hakykatlygy, onuň gaharyny ýetjek derejesine ýetiripdi.
Bölümiň işgärleri gelip ony köşeşdirmäge çalyşdy. Hannaky olaryň üstüne gygyrdy:
– Ýok boluň şu ýerden! Her kim öz ýerinde otursyn! Ýogsam baryňyzy işden kowaryn!
– Gör, sen nähili nejis ekeniň!
– Eger han bolup işlemek islemeseňiz, men sizi diwanyma işe alaýyn.
– Sen meni işe aljakmy?
– Siz munuň nämesini geň görýärsiňiz? Siziň menden nämäňiz artyk?

Uhjury kellesini tutup, diwandan çykyp gitdi.

Abu Zarga Hannaky diwanyň işgärlerine eşitdirip, özbaşyna hüňürdedi:

– Özüne edilen ýagşylygy bilenok!.. Gadyrbilmez mahluk! Üstüme haýbat atanyň üçin almytyňy bererin! Men muny Anuşirwana hökman aýdaryn...

Uhjury Togrul begiň dergähine bardy, ýöne nägileligini aýtmaga ýetişmedi:

– Men seniň näme üçin gelendigiňi bilýärin, han. Sen biraz sabyrly bol, käbir kişiniň özüniň kimdigini açmagyna ýol ber. Ýene bir aýdan meniň bu sözlerime has açyk düşünersiň...

**II.**

Ybraýymyň bujurygy artdy, sähel zat üçin alagykylyk etdi. Köşk emeldarlarynyň tas ählisi bilen diýen ýaly gykylyklaşyp çykdy. Togrul begiň hem garşysyna gitdi. Özüne akyl öwretmegiň gerek däldigini, döwleti özüniň ýöredip biljekdigini öwran-öwran gaýtalady.

– Muhammet, gel, erkeklerçe gürleşeli! – diýip, Ybraýym Togrul begiň gaşyna baryp oturdy.

– Bu näme diýdigiň bolýar?

– Bu: «Seniň bilen ikiçäk, aç-açan gürleşjek» diýdigim bolýar. Köşgüň içindäkileriň ählisi birmeýdan ikimizi ikiçäk galdyrsynlar. Wezir-wekiller, hajyplar, mufratlar daşaryk çyksynlar. Içerde ikimizden başga ýeke adam hem galmasyn.

– Goý, seniň diýeniň bolsun!

Togrul begiň yşaraty bilen içerdäkiler – ähli wezir-wüzeralar, mufratlar daşaryk çykdylar.

Ybraýym gapyny içinden ýapyp, Togrul begiň garşysynda aýbogdaşyny gurap oturdy:

– Döwleti indi maňa ber. Sen meniň wezirim bol.

Togrul beg Ybraýymdan beýle söze, dogrusy, garaşmandy. Ol esli wagtlap sesini çykarman, seredip oturdy. Uzak oýlanandan soň:

– Oňararmyň? – diýip sorady.

– Oňararyn! Sen indi dynç al. Ýaşyň ýetmişe ser urdy.

– Men razy, ýöne ähli zady kada-kanun esasynda edeli: ähli seljuk beglerini çagyraly. Olara seniň teklibiňi aýdaly. Olar ylalaşsalar, men garşy däl.

– Bu: «Seniň aýdanyňy etjek däl» diýmek bolýar.

– Men saňa garşy çykmaýyn.

– Barybir, ähli seljuk begleri, bilýän, seni goldarlar. Meni goldamazlar, çünki wezir-wekilleriň köpüsi meni halanok.

– Eger seljuk begleri seni halamaýan bolsalar, onda sen kime esaslanyp döwlet dolandyrmakçy?

– Özüme!

– Ýeke özüň aljak galaň bolmaz!

– Bolar, hökman bolar!

– Onda Dawudy çagyraly. Üç bolup maslahatlaşaly. Sebäbi seniň etjek bolýan işiň kiçi-girim iş däl.

– Ýok, ýok, Dawudy çagyrma. Onuň aýtjak sözüni bilýärin.

– Näme?

– Ol meni goldamaz. «Samsyk!» diýer, «Öldürerin!» diýer.

– Men saňa düşünmeýärin, Ybraýym?! Seniň näme kem zadyň bar? Patyşalykmy? Sen Azerbaýjanyň patyşasy ahyryn! Eger ol ýerini az görseň, Gürjüstany al, Bulgary golastyňa geçir.

– Maňa seniň ornuň gerek…

– Ähli süýji zadyň soňy ajy. Süýji zat tiz irizýär. Sen ömrüň manysyny soltan Masut deýin süýjülikden gözlediň, aýşy-meýlisden gözlediň. Sen tagta hem meslik üçin, lezzet üçin geçmekçi bolýarsyň…

– Muhammet, sen meni soltan Masuda deňeýärsiň, şeýdibem meniň degnama degýärsiň.

Ybraýym gazap bilen ýerinden turup, Togrul begi gözleri bilen dalady, soňam sesini çykarman çykyp gitdi.

– Saklan, Ybraýym, saklan!..

* * *

Ybraýym tagta geçmäge şeýle bir howlugýardy.

Onuň oda-köze düşmesini sahyp Bekdaş Rudbar şeýle düşündirdi:

– Begim, bar gep Ybraýymyň weziri Abu Alyda. Ol gaty mekir adam eken, mydama Ybraýyma: «Togrul begiň bar ýeňşi – seniňki. Wizantiýanyň serkerdebaşysy öz pidýesi üçin üç ýüz müň dinar berjek diýende-de yrylman, ony Togrul bege ugratdyň. Togrul beg bolsa, Wizantiýanyň kaýsarynyň ýeke haýyşyna Lapiriti bir dirhem hem pidýe alman boşadyp goýberdi. Seniň Wizantiýadan getiren oljaň – Togrul begiň bütin ömrüne ýygnan oljasyndan kän. Şonuň üçinem Togrul beg seni depesine täç etmeli. Hakykatynda sen döwletiň baştutany – patyşa bolmaly. Sebäbi sen Ýusup Ynanç Ýabgunyň ogly. Sen hakyky mirasdüşer. Togrulyň babasy Mykaýyl hiç wagt Ýabgu göterilmedi» diýip, günde-günaşa gaýtalaýar. Bu sözler Ybraýymyň gulagyna hoş ýakýar. Başda weziriniň bu sözleri aýtmagyny halamaýardy, indi welin, mukam diňleýän deýin, gözlerini süzüp diňleýär. Ybraýym hiç bir zady düýpli oýlanman edýär. Etjegini-edip, soňundan ökünýär, ondan hüşgär bolmak gerek, çünki onuň herki ýowuzlygy edäýmegi mümkin. Sebäbi ol gün-günden wagşylaşýar. Adam öldürmek onuň ýanynda hiç zat.

Togrul beg Bekdaşyň bu habaryndan soň: «Ybraýym bilen hökman düşünişmeli» diýen netijä geldi. Şu maksat bilen ony ýanyna çagyrdy.

Ybraýym gelmedi. Togrul beg ynala gylaw berýän Abu Alyny jezalandyrmagy makul hasaplady: «Ybraýymyň weziri Abu Alynyň gamçy bilen urulmagyny buýurdy. Bir gözüni oýdurdy, bir dodagyny kesdirdi!»[1]

Togrul begden gaçganaklap ýören Ybraýym karargähe kürsäp girdi:

– Togrul, bu näme etdigiň seniň?

– Abu Aly seni azdyrýar.

– Seniň meniň wezirime beren jezaň – maňa beren jezaň!

Togrul beg doganyna nägilelik bilen seretdi:

– Belli bir derejede sen dogry aýdýarsyň.

– Sen menden ýagşylykdan başga näme gördüň? Men ömrümi seniň rowaçlygyňa bagyşladym. Iň soňunda senden alýan aklygym şumy? Men munuň irde-giçde şeýle boljagyny aňýardym.

– Abu Alyny saňa wezir edip bellän men – özümem eden etmişi üçin jezasyny berýärin, ýöne sen hem azyp ugrapsyň. Meniň saňa beren ýerlerim azmy?!

– Sen öň esgerleriň petih eden ýerlerinde talaňçylyga rugsat berýärdiň, ýöne, soňky döwürlerde rugsat bermeýärsiň. Esgerleriň talaňçylyk etmegine ýol bermezlik – bu Altynjanyň pikiri. Sen Altynjanyň göwni üçin goşunyň garşysyna gidýärsiň. Hatynyň gepine gidip, erkek göbekliniň abraý tapan ýeri ýokdur! Senem bu bolşuň bile uzaga gitmersiň – betbagtçylyga uçrarsyň!

– Ybraýym, bu seniň maňa aýtjak sözüň-ä däl.

– Men wezirim Abu Ala ynanýan bolsam, sen Nasyr Kunduryga ynanýarsyň. Kundury meniň bilen jet. Ol her edip-hesip edip maňa ýamanlyk etjek bolýar, özem ol ýamanlygyny seniň eliň bilen edýär. Bilýän, ol meni Abu Muslimiň, Barmaklaryň[2] gününe salmak isleýär. Olaryň başyna ýetenlerem Kundury ýalylar.

– Bigünä adama gara ýöňkeme!

– Men seniň şeýle diýjegiňi bilýärin. Ähli kişiniň edýän işem, aýdýan sözem dogry, diňe meniňki nädogry. Meniň edýän işimem nädogry, meniň aýdýan sözümem nädogry. Men – biž.

– Men saňa özümize tabynlykdaky Rawwat şalygynyň ähli ýerini – Azarbaýjany ykta berýärin. Özüňe ykta berlen ýerlere doly aýlanyp çykmak üçin ýüz ýigrimi gün gerek. Özüňe berlen ykta ýerleriň az däldigini bilseňem, näme üçindir, bilgeşleýinden kejirlik edýärsiň. Meniň saňa ýamanlygym ýok. Men senden hiç zady gysganamok hem. Ýöne men – özüň gowy bilýärsiň – ähli goşun serkerdelerimi ykta bilen üpjün etmeli. Şonuň üçin Jebel bilen Hemedany yzyna alýaryn, Ybraýym. Düşünýärsiňmi?

Ybraýym gaharyna «titir-titir» etdi:

– Közi gorjasaň, ýanýandyr, sen meni ýanmaga mejbur etdiň! Sen meni hakykaty aýtmaga mejbur etdiň: ähli ýerler meniňki! Diňe meniňki!

– Giň bol, Ybraýym, gel, arkaýynçylykda düşünişeli – diýip, Togrul beg parahat gürlemäge çalyşdy.

– Giňlik – Alynyň ala meýdanynda! – diýip, Ybraýym gazap bilen işige bakan ýöneldi.

– Saklan! Ybraýym!

Ybraýym ýene saklanmady.

«Togrul beg birtopar esger ýygnap, Ybraýymyň garşysyna ugrady. Onuň bilen duşuşdy. Iki tarapyň esgerleriniň arasynda örän gazaply söweş boldy, bu söweşde Ynal ýeňlişe sezewar bolup, yzyna gaçdy. Togrul beg onuň yzy bilen hüjüm edip, ähli galalaryny we ýurduny eýeledi.

Ybraýym ynal Sermaj galasynda gizlenip, agasyna garşylyk görkezmäge başlady. Togrul beg onuň bolýan ýerini gabady. Onuň esgerleriniň sany ýüz müň adama ýetipdi we olaryň arasynda dürli hili goşun (köp ugurly) bardy. Bular söweşdiler we onuň şeýle mäkäm hem goragly galadygyna garamazdan, Togrul beg galany dört günüň içinde eýeledi. Ybraýymy bu ýerden mejbury ýagdaýda aşak düşürdiler.

Ybraýym ýanyna gelende Togrul beg ony mähirli hem gadyrly garşylady. Oňa köp haýyr-yhsan etdi. Elinden alnan baýlygynyň köpüsini gaýdyp berdi.[3]

* * *

– Ybraýym, saňa iki sany ýol goýýaryn: birini saýla. Birinjiden, meniň ykta beren ülkelerime gidip häkimlik etmek, ýöne esgeriň sany müňden aňry geçmeli däldir; ikinjiden, meniň ýanymda galyp, serkerde, wezir bolmak.

Ybraýym ynal janykdy:

– Men köp oýlandym. Görýän welin, men ynanjaň. Meni derrew ynandyrýarlar. Onsoň öz doganymyň garşysyna gitmegi makul bilýärin. Men gaýdyp beýle gabahat pikir etmez ýaly, seniň ýanyňda boljak, saňa sadyklyk bilen hyzmat etjek.

Iki dogan gujaklaşdy.

Togrul beg Ybraýymyň amana gelenine çyn ýürekden begendi. Ýogsam öz doganyny öldürmeli boljakdygy hakdaky pikir oňa juda güzap beripdi.

«Bir ýazykdan är ölmez!». Iň esasy zat – Ybraýym öz ýazygyna düşündi.

Ýöne beterinden beteri bar. Togrul beg Bukadyr Anasyogly başbuglary on müň atlylary bilen Diýarbekir sebitlerine gönderip, ol ýerlerini bu iki bege ykta beripdi. Buka bilen Anasyogly welin, mesligi göterip bilmedi. (Meslik, baýlyk garyplykdan iki esse agyr hem kyn ýük ahyryn!) Mesligi götermek nädip eýgertsin? Näme diýse, öňüne getirip durlar. Ähli kişi özlerinden gorkýar. Edenine däl diýip biljek ýeke adam ýok. Diýmek, olar Diýarbekir sebitiniň şalary! Iki başbug her gün meýlis gurdy. Her gün şerap içdi. Mes bolanlaryndan soň iki goçuň bir saçagyň başynda oňuşmajagy düşnükli zat. Bir günem aşa serhoş boldular, sözleri azaşdy. Gylyçlar gynyndan çykdy. Iki başbug biri-birinden kem galman, biri-biriniň çem gelen ýerine gylyç saldy. Hiç kim olaryň bu garpyşmasyna garşy çykyp bilmedi. Garşy çykyp bir görsünler! Onda ol aralamakçy bolýan töwellaçynyň dessine kellesini alarlar. Olary aralamadylar. Bu hem olar üçin erbet boldy. Olaryň ikisem düşen ýaradan şehit boldy.

– Kim het etdi olary öldürmäge?! – diýip, iki başbuguň ölendigi hakdaky habary eşiden Togrul beg gazaplandy.

Iki başbugy özge biri öldüren bolsa, onda beg ol kişini tohum-tiji bilen kerçem-kerçem etjek, ýöne hakykaty oňa aýtmaly boldy. Nämäniň-nämedigini eşidende beg haýranlar galdy, gahary ýetjek derejesine ýetdi, üç günläp aramgähinden çykman, ýorgan bürenip ýatdy. Hiç kimi kabul-da etmedi. Wezir-wekiller Altynjan hatyndan begi köşeşdirmegini towakga etdiler.

Hatyn bardy. Hatynyny gören beg içki ahwalatyny ýaşyrmaga çalyşdy:

– Altynjan, geleniň gowy boldy. Gel, bile aýdym aýdaly.

Olar uzak günläp aýdym aýtdylar. Togrul beg, barybir, köşeşip bilenokdy.

Begiň gaharlanmagy diňe bir Buka başbug bilen Anasyogly başbuguň ölümi sebäpli hem däldi. Onuň özüne iň ýakyn saýýan adamlaryndan hem göwni galypdy. Çagry begden-de göwni galypdy.

Çagry beg bilen Togrul begiň höküm sürýän sebitleriniň araçäkleri bellidi. Olar biri-birlerine tabynlykdaky yktalara çozmaly däldi, çapawulçylyk etmeli däldi. Şeýle-de bolsa, özüniň şirin janyndan eziz görüp ýören şazadasy Alparslan nahanlykda Togrul begiň tabynlygyndaky Fesa şäherine ýöriş edipdi.[4] Gel, Alparslan ýaş diýeli, ýöne Çagry hemme zada düşünýär-ä! Ol näme üçin ogluna: «Togrul begiň tabynlygyndaky şähere çozuş etme!» diýmeýär? Sebäbi düşnükli: olara köp mukdarda baýlyk gerek. Çagry beg täjirleriň üsti bilen nirede lomaý baýlygyň bardygyny eşidip, Alparslany Fesa gönderendir. Näme üçin? Birinjiden-ä: «Togrul beg Alparslany gowy görýär, şonuň üçinem onuň günäsini geçer» diýip, Çagry beg pikir edendir. Ikinjidenem, Togrul beg gaharlansa: «Alparslan ýaşlyk edipdir. Ýaş oglanyň günäsini öt! Menem bu eden etmişi üçin oňa käýýedim» diýmek üçin amatly. Togrul beg bu pyrryldaklary juda ýokuş gördi.

Alparslan Fesa şäherine girip, deýlemlilerden müň adamy, beýleki milletiň wekillerinden hem şonçarak adamy öldürdi. Bir kurur (million) dinary olja gazandy, üç müň adamy ýesir aldy. Alparslan bu talaňyny galp ada duwlanyp edipdi. Maksady özüni tanatmazlykdy, Fesa şäherine çalt barşy ýaly, çaltlyk bilenem Horasana dolanypdy. Özüniň bu çapawulçylygyny Togrul begiň bilmezligini dileg edipdi. Ýöne ony, heý, Togrul beg bilmezmi?! Ol Alparslanyň, Çagry begiň her bir ädimini bilip, her bir sözüni eşidip otyr ahyryn.

Togrul beg öz-özüne teselli bermäge çalyşýardy: ýaşaýyş bu! Allatagala adama gowy derejelere ymtylmak küýsegini beripdir. Balyk suwuň çuňlugyna, guş belentlige, adam gowulyga ymtylýar. Hiç kimi öz ýeten derejesi kanagatlandyranok. Ol bu gün düýnküden gowy ýaşamak isleýär. Ybraýym hem şeýle: onuň ýeten derejesi men-men diýen serkerdeleriň ýetip bilmän ýören derejesi, ýöne bu günki derejesi ony kanagatlandyranok. Bu gün oňa Togrul begiň derejesi gerek. Birki aýdan soň ony Togrul begiň derejesi-de kanagatlandyrmaz. Çünki islegde çäk ýok. Beg adamlaryň bihaýa islegleriniň öňüne böwet basmaly. Ýöne nädip? Adamlary mydama gorkuda saklamaly. Togrul beg Ybraýymyň weziri Abu Ala köplerde gorky döretmegiň hatyrasyna jeza beripdi.

Ýunan rowaýatlarynda patyşalaryň ýarym adam, ýarym at – kentawr bolmalydygy, diňe adamkärçilik bilen ýurdy dolandyrmagyň mümkin däldigi, şonuň üçin hem patyşanyň käbir ýerde wagşy bolmalydygy nygtalýar. Togrul beg bu pähimiň hakdygyna durmuşda gaty köp gezek göz ýetirdi…

Alparslanyň Togrul begiň tabynlygyndaky Fesa şäherine çozmagy ynsan tebigatynyň aşa çylşyrymlylygynyň, garaňkylygynyň, söz, dil bile aýdyňlaşdyrardan has tüm bir zatdygynyň subutnamasy bolsun gerek. Togrul beg soňky döwürde adama düşünjek bolmagyň bipaýan işdigi barada köp pikir edip başlady. Düşünmegiň maksady näme aslynda?! Onuň hereketlerini öňünden kesgitlemekmi?! Öz hereketlerini onuň özem öňünden kesgitläp bilmez! Ol döwletiň baştutany hökmünde bir zady – döwletiň hem jemagatyň abadan, asuda ýaşaýşy üçin adamy kesgitli bir durmuşa uýgunlaşdyrmalydygyny, boýun etmelidigini welin magat bilýärdi. Allatagala adamy mutlak azat ýaradypdyr. Azatlyk – göwün diýilýän närsäniň baş häsiýeti. Adam käteler hut Allatagaladanam nägile bolýar. Allaga öwredesi gelip dur onuň. Onsoň döwlet, jemagat, köpçülik hakda näme gürrüň etjek?! Şonuň üçinem meýletinligiň deregine mejburylygy işe girizmeli. Emma daşky däl-de, içki mejburylyk netijeli hem maksadalaýyk bolýar.

Içki mejburylyk – ynsanda gorky duýgusyny oýarmak, onuň ýaramaz päl-niýetini gorky zynjyry bilen baglap goýmak. Adamda beden däl, ruhy gorkyny, ahlak gorkusyny terbiýelemeli. Munuň özi juda inçe närse, dogrusy, «gorky» sözi ony gatybir dolulygyna aňladybam baranok...

Ynsany diňe söz bile adam edip bolmaýar. Adam bolmak üçin ähli daşky şertleri taýyn edibem, ony kämil çykaryp bolmaýar. Şertler bilen bir hatarda mejburylyk talaplary-da gerek. Juda zerur gerek! Ýunanlylaryň kentawr baradaky – hökümdaryň ýarym adam, ýarym at bolmalydygy baradaky pikiri ýöne ýere dörän pikir däl. Ol asyrlaryň tejribesiniň döreden nyşany! Diňe adamkärçilik bilen ýurdy dolandyryp bolmaýar! Bolmaýar!

Mejburylyk bolmasa, jemgyýet mümkin däl.

Döwlet köpçüligiň ýaşaýşyny daşyndan gurnamak, sazlaşdyrmak guraly, sazlaşyk üçin amatlylyk şertlerinden-de beter mejbur etme düzgünleri zerur. «Kanun» diýmek mejbur etmek dälmi, näme?..

**Bäşinji hekaýat**

## O DÜNÝÄNIŇ DOWZAHAM, JENNETEM ADAMYŇ IÇINDE

Geňeşde ýedi meselä seredildi. Şol meseleleriň iň soňkusy köpleri lerzana saldy.

Ýedinji meselä geçilende:

– Bekdaşy çagyryň! – diýip, Togrul beg buýruk berdi.

– Togrul begiň bu sözi Gutulmyş begi-de, Ybraýymy-da iňkise saldy.

– Togrul beg şalygyň umury istihbarat – howpsuzlyk gullugynyň sahybyny näme üçin çagyrýarka?

Bekdaş soňky döwür adamlaryň üýşen ýerlerinde, geňeşlerde köp görünmeýärdi. Ol geňeşe köplenç kimdir biriniň eden pyssy-pujurlygyny peçan etmek üçin çagyrylýardy. «Eý, Hudaý, ol bu sapar kimiň syryny paş ederkä?!» – bu sowal geňeşde oturanlaryň ählisiniň ýüreklerini bükgüldä saldy.

Karargähdäki ähli wezir-wekiller hem biri-biriniň ýüzüne gorkuly nazar aýlap, ýüzlerini duw ak edip oturdylar.

Togrul beg giň, geçirimli, ýöne käteler garaşman durkaň, şeýlebir ugry urýar welin, soň aňsat-aňsat özüňe gelip bilmeýärsiň.

Bekdaş, megerem, daşişikde çakylyga taýýar bolup duran bolarly, uzak garaşdyrman geldi, Togrul bege tagzym etdi.

– Sahyp, hany, aýt, biziň döwletimizde, biziň wezir-wekillerimiziň arasynda bege ikilik edýänler barmy?!

– Bar, kyblaýy älemim.

– Kim?!

– Wepadarlyk kasamyna biwepalyk edenleriň ikisi hakda ýörite aýtmak isleýärin. Olaryň ilkinjisi ynagyňyz Ýusup Bazargany. Ol wezir Ybraýymy üç gezek ýörite öýüne meýlise çagyrdy. Meýlisde her gezek Ybraýymyň şalyk tagtyna mynasypdygyny nygtady, özüniň bu islegi amala aşsa, bir müň dowar soýup, sadaka berjekdigini aýtdy. Şeýle hem Ybraýyma tagta geçen güni geýdirmek üçin gyralaryna sap dür daşlary jäheklenen halat taýýarlap goýandygyny nygtady. Ýusup Bazargany Altynjan hatyna kast edip, begimizi agyr güne salmak isläpdir, hernä biz onuň maksadyny öňünden aňyp, ony wagtynda sakladyk.

Ybraýym ynalyň şa bolmagy üçin has köp yhlas eden, onuň ýüregini çişiren diwany yhtysap – hasap-hesip diwanynyň sahyby emir Abu Zurga Hannaky soňky üç ýylyň dowamynda: «Togrul beg seni aldaýar. Ykta beren ýerleriniň harajatyndan-da saňa duýdurman özi alýar. Sen ol ýerden alynýan salgytlary doly bileňok. Seniň bilýäniň diňe haraç bilen hüşür. Awariz, nisam, musum-i-marai, alaf salgytlaryndan saňa ýeke hepbe-de berenoklar. Togrul beg seni sada hasaplaýar. Seni eşek ýaly işledip, hiç zat bermeýär. Togrul beg seni kemsidýär, özüň ýokkaň: «Goýsaňyzlaň, Ybraýymyňam bir pikiri bolarmy? Ol pikir edip bilenok» diýip üstüňden gülýär. Ýöne sen şa bolsaň, ýurt has baýar. Musulmanlar saňa alkyş okarlar. Sebäbi sen Togrul ýaly: «Diňe özüme bolsun!» diýip oturmarsyň. Adamlara, garyp-gasarlara eçilersiň. Adalatyň hatyrasyna öz ornuňa geç. Herki zadyň çeni ýagşy. O dünýäde senden sorarlar: «Eý, Ybraýym, näme üçin adalat üçin göreşmediň? Seniň adalat ugrunda göreşmänligiň üçin ornuň dowzah» diýilse, iň erbedi şol bolar. Togrul bilen sen bir eneden dünýä indiň. Şeýle-de bolsa, Togrul seni kemsidýär. Togrul on ýyl bäri şa. Besdir, adalatyň hatyrasy üçin indi sen şa bol! Togruly bolsa, eden etmişleri üçin dardan as!» diýip, birsyhly nygtady... Ybraýym tagt, şalyk hakdaky gürrüňleri gowy gördi. Bu hakda aýdylanda ol hiç garşy çykmady.

– Eý, Hudaý, olary Togrul beg «Byradarlarym» diýip hatyralap ýör-ä! – diýip, hajyp Abdyrahman Agajy odandy.

– Onuň sebäbi ýönekeý, mertebeli hajyp. Bu iki kişi Togrul begiň barynda wezipelerinden köp peýdalanyp, lomaý rişwet-para alyp bilenoklar. Olaryň: «Ybraýym tagtda otursa, rişweti lomaý alarys» diýen ynamlary bar... – diýip, sahyp Bekdaş pert-pert gürledi.

– Men Hannaka ynandym, gowy adamdyr öýtdüm, işe alynmagyna men güwä geçdim. Wa-weýla, meni öldürmeli – diýip, emir Uhjury elewredi.

Togrul begiň dergähine Hannakydan nägile bolup barşyny, şonda begiň: «Sen biraz sabyrly bol, käbir kişiniň özüniň kimdigini açmagyna ýol ber» diýen sözlerini ýatlady. Şol mahal begiň bu sözleri Uhjury üçin düşnüksizdi, bu gün welin düşündi, begiň pähim-parasadyna haýranlar galdy.

– Atlary tutulanlar meniň ýakynyma gelsin! – Togrul begiň sesi haýbatly çykdy.

Ýusup Bazargany bilen Abu Zurga Hannaky başlaryny aşak salyp bege ýakynlaşdylar. Olar durmuşyň beýle öwrüm ederine garaşmadyk bolmaly. Olar näme etjegini bilmän saňňyldaşyp durdylar. Aram-aram hemaýat isläp, Ybraýyma seredýärdiler, ýöne ynal başyny aşak salyp, gara dere batyp, gahardan ýaňa titräp otyrdy. Bu mahal Ýusup Bazargany bilen Abu Zurga Hannaka hiç kimden hemaýat ýokdy.

– Ýusup, sahybyň aýdan sözleri dogrumy?

– Kyblaýy älemim, meni Hudaý tutdy. Siz meni medreseden göni öz ýanyňyza işe aldyňyz, uly-uly wezipeleri ynandyňyz, özüňize ynak etdiňiz. Biz emir Abu Zurga Hannaky bilen köpden köpi isledik. Beren ykta ýerleriňiziň gadyryny bilmedik.

– Ýalňyşyňa gaty bahym akyl ýetirdiň-le?

– Men günäkär, kyblaýy älemim!

– Bu ikiýüzlüligiň üçin nähili jeza çekmek makul bolar?

– Siz näme jeza berseňiz, biz sadyklyk bilen boýundyrys, kyblaýy älemim.

Togrul begiň öňünde başyny aşak salyp duran Abu Zurga Hannaky elini goltugyna ýetirdi. Iki-üç gezek gapa baka seretdi, soňam goltugyndan hanjar çykaryp, soltana bakan okduryldy.

Begiň çep tarapyndan batly atylan hanjar emir Abu Zurga Hannakyny saklady. Hanjar sahybyň çep gözüne baryp sünjülipdi. Sahyp yzasyna çydap bilmän aýylganç waňkyrdy.

Beg çep tarapyna – hatyny Altynjan hatyna minnetdarlyk bilen baş atly.

Altynjan hatyn hiç iş etmedik ýaly, sesini çykarman otyrdy.

Gutulmyş beg oturan ýerinden Altynjan hatyny synlady, oňa buýsandy. «Allatagala şa göterjek bendesine, ilki bilen, mynasyp hatyn berýär eken» diýip, içini gepletdi.

Ýusup Bazargany bilen Abu Zurga Hannakynyň jezalandyrylmagy, dardan asylmagy köşk emeldarlarynyň arasynda dürli pikirleri döretdi. Begiň öz iň ýakyn adamlaryny jezalandyrmagyny birnäçe adam oňlady, ýöne oňlamadyklar hem az bolmady. Tabgaçlylaryň jezalandyrylmasy hem köşk emeldarlarynyň ýadyndan çykmandy. Olar öň tabgaçlylaryň jezalandyrylmagynda, bu gün bolsa Ýusup Bazargany bilen Abu Zurga Hannakynyň jezalandyrylmagynda esasy «günäkäri» Bekdaş Rudbar hasaplaýardylar.

«Bekdaş ýamanlap-ýamanlap begiň ýüregini çişirdi, soňam özüniň jana-jan dostlaryny jezalandyrmaga mejbur etdi» diýip, pikir edýärdiler.

Hut şu pikir esasynda hem bir gün giçlik öýüne gelýän Bekdaşy wagşylyk bilen pyçaklap öldürdiler. Pidaýylaryň kimlerdigi näbelli bolup galdy.

Pidaýylar has wagşylyk edipdirler, diňe bir Bekdaşy öldürmek bilen çäklenmändiler, onuň çagalaryny-da, hatynlaryny-da uçdantutma öldüripdiler.

* * *

Ybraýym ynal begiň harby ugur, goşun boýunça naýybydy, weziridi. Onuň tabynlygyndaky esgerleriň sany ýüz müňden-de aňrydy.

Togrul begiň ýanynda esasy goşundan başga elli müň saýlama atly goşun bardy. Bu goşunyň atlylary, zerurlyk ýüze çykaýmasa, söweşe salynmaýardy, olar begiň şahsy goragy, şeýle hem ätiýaçlyk üçin saklanylýardy.

Saýlama goşunda gulluk edýän esgerler harby tilsimlere ýaşlykdan uýgunlaşdyrylan, sagdyn, daýaw esgerlerdi. Olarda gorky-ürki ýokdy. Bu goşunyň gelýändigi hakdaky habar adamlarda gorky döredýärdi. Çünki bu goşundaky esgerler öňünden çykan ähli duşmany waşgylyk bilen öldürýärdiler. Halk arasynda: «Togrul begiň saýlama goşunynyň öňünde durmak, ony saklamak mümkin däl» diýen pikir bardy.

Dürnazar – begiň saýlama goşun boýunça naýybydy hem ynagydy. Bekdaş Rudbaryň janyna kast edilensoň, onuň işini ýöretmegi Togrul beg Dürnazara ynandy.

Dürnazar bilen Togrul beg ýaşlykdan bäri dogan ýaly ysnyşypdylar, olaryň biri-birinden aýry zady ýokdy. Ol Togrul bege düýrmegi bilen berlendi.

Bir gezek Dürnazar Togrul bege atylan okuň öňüne özüni oklapdy. Ok onuň çep kibtine çümüpdi, şondan soň çep eli şikesli bolup galdy.

Ol ýatkeşdi, adamyň ýüzüne seredip, onuň içki pikirini ýalňyşmasyzdan okamagy hem başarýardy.

Dürnazar edil Dodurga Merwezi ýaly dymmady, bir zat sorasaň, gysga jogap beräýmese, aňsat-aňsat gürlemeýärdi. Ol gürlemegiň kümüşdigine dymmagyň altyndygyna düşünýär.

Haýbatly ýöreýşi bardy. Symmaty-da haýbatlydy.

Torgul beg bilen gözli ýaşyt bolsa-da, öýlenmändi. Ol özüniň öýlenmeýşiniň sebäbini şeýle düşündirýärdi: «Men panyga bir gezek gelýärin. Bu ömrümi özüm üçin ýaşajak, hiç kime, hiç zada borçly bolman ýaşajak. Öýlenmek – özüňi örklemek, öz üstüňe borç, jogapkärçilik almak. Maňa öýem, hatynam gerek däl. Meniň öýüm – atdan düşen ýerim. Meniň hatynym – atdan düşen ýerimdäki ýesir alan gyrnaklarym. Seljuk soltanlygy – meniň dünýäm. Meniň dünýäme kast etmekçi bolýan kişi meniň duşmanym. Men özümiň güýjümi Seljuk soltanlygynyň rowaçlygyna goşýan goşandymdan görýärin. Hut şondan hem lezzet alyp ýaşaýaryn».

Dürnazary köşkde halamaýardylar, ony ulumsy hasaplaýardylar. Ýüz görmeýänligi, içki pikiriňi bilýänligi üçin hem onuň gelýändigini görenlerinde edil jyn dagan ýaly dagamak bilen bolýardylar. Onuň bilen ýürekdeş söhbet etjek bolmaýardylar, onuň özem adamlar bilen ýürekdeş söhbet etjek bolup ýörmeýärdi, öz aladasy ýylgaý ýetik bolýardy.

Togrul beg Dürnazaryň işini alyp barmagy ýaşlyk dostlarynyň birine – Mübärek hana ynandy.

Mübärek han öň saýlama goşunyň birinji tümenine ýolbaşçylyk edýärdi. Togrul beg saýlama goşuna ýolbaşçylyk etmekde onuň özüne naýyp bolmagyny tabşyrdy.

Her on müň atla – bir tümene bir serkerde hanlyk edýärdi.

Saýlama goşunyň hanlary köşkde aýratyn hatyralanýardy.

Olar köp däldi.

Mübärek – birinji tümeniň hanydy.

Hapban Endikäni – ikinji tümeniň hanydy.

Üçünji tümeniň hany Ýyldyrym Sebzewardy. Ol Daňdanakan söweşinde wepat edipdi, şondan bäri onuň ýerine hiç kim bellenilmändi. Onuň wezipesini Togrul beg Altynjan hatyna ynandy, oňa han derejesini berdi.

Ýyldyrym Sebzewaryň ýerine han bellenilmegini begden Altynjanyň özi haýyş edipdi. Ýyldyrym başda müňbaşydy, soň ony begiň han göterendigini eşidip, Altynjan gynanmak gynanypdy. Onuň Ýyldyrym Sebzewary ýigrenmesi warryklygy, bolsa-bolmasa degişýändigi üçindi. Ol özüniň urulmasynyň, çagasynyň düşmesiniň sebäpkärini Peýkam bilen Ýyldyrym Sebzewar hasaplaýardy. Ýyldyrym özüne nähak töhmet atylýandygyny aýtmak, özüni aklamak üçin iki gezek Altynjanyň ýanyna gelipdi, hatyn iki gezegem ony kabul etmändi.

Dördünji tümeniň hany Ýagysyýandy.

Bäşinji tümene Erdem hanlyk edýärdi.

## Altynjy hekaýat

## ÄR GARRAR, AR GARRAMAZ

**1055-nji ýyl**

O dünýäniň jennetem, dowzaham adamyň içinde. Altynjan hatyn bu pikirine mundan on-on bäş ýyl öň gelipdi. Ol bu pikiriniň hakdygyna adamlar bilen iş salşanda, käteler-ä gürleşende has oraşan göz ýetirýärdi.

Adam bu dünýäde kä jennetde, kä dowzahda ýaşaýar. Ýöne ähli kişi öz içki dowzahyny ýaşyryp, özüni jennetde ýaly görkezmäge çalyşýar. Köpler öz içki hasratyny, dowzahyny gizlemegi başarýar, bagzylar welin başarmaýar. Şol başarmaýanlaryň biri Ybraýym ynal. Onuň gursagyndaky dowzahy ýüzüne çykypdyr. Birmahallar ol görkana ýigitdi. Alçakdy, suhangöýdi. Gülüşmegi-degişmegi gowy görýärdi. Şeýle bolansoň Togrul beg ony ýanyndan aýyrmazdy. Onuň bilen bile naharlanardy, ikiçäk gürrüň ederdi, ikiçäk maslahat ederdi, onuň maslahatlaryna aýratyn sarpa goýardy, ondan gizlin zady ýokdy.

Ybraýym Togrul begden daşlaşansoň – özbaşdak yktaly bolansoň welin, görnetin üýtgedi. Bu gün onuň ýüzünde gyş paslynyň sörtük howasy duýulýar. Ol mydama nämedir bir zatdan närazy, mydama gaharly. Ýylgyranda-da ýüzüniň buzy eränok. Togrul beg bilen Ybraýymyň ýylgyryşyny Altynjan hatyn mydama akyl mizanyndan geçirýärdi. Togrul begiň gazabynyň aňyrsyndan rahatlygy, hökmürowanlygy, özüne göwnüniň ýetýänligi, ygtyýarlylygy duýulýardy, ýöne Ybraýym gaharlananda içki dowzahy daşyna çykýardy. Ol hakyky özi bolýardy. Ýylgyranda-da, onuň ýürekden ýylgyrmaýandygy duýulýardy. Ol özüni bolşundan akylly, mertebeli görkezmäge çalyşýardy. Özüne aşa uly hormat goýulmagyny isleýärdi. Adamyň iň uly betbagtlygy özünden uly bolmak küýsegidir. Ybraýym hem özünden uly bolmak isleýärdi. Onuň her bir gep-sözünde, her bir hereketinde nägilelik bardy. Onuň Besasury bilen dil birikdirmegi-de şol nägileligi üçindi. Ol gazaplydy, rehimsizdi. Ýogsam onuň, göräýmäge, durmuşda kem zady ýokdy. Eli uzadan ýerine ýetýärdi. Hyzmatynda duran adamlaryň hetdi-hasaby ýokdy. Ol Rawwat şalygynyň ýerleriniň – Azerbaýjanyň häkimidi. Giden ülke elindedi. Ýöne bu oňa az görünýärdi. Onuň göwnüne, Togrul beg öldürilse, dünýä baky jennete öwrüläýjek ýalydy. Ol özüniň ähli şowsuzlyklaryny, ähli betbagtlygyny – aslynda onda şowsuzlygam, betbagtlygam ýokdy – Togrul begden görýärdi. Ol bu pikirini Altynjandan ýaşyrmaýardy. Gaýtam, ol Altynjanyň özi bilen dertdeş bolmagyny isleýärdi.

– Ybraýym beg bilmeýändir, görmeýändir öýdýärsiňmi? Ýok, men hemme zady görýärin, hemme zady bilýärin hem. Togrul senem, menem köwüşberdaryça görmeýär. Ýadyňa sal, Dawut Gyzbibini nähili hormatlady? Ony aýasynda saklady. Ol wepat edensoň üstüne kümmet galdyrdy. Goý, ýatan jaýy jennet bolsun. Sen, nä, Gyzbibiçe ýokmy? Goý, ol meni hormatlamasyn, ýöne seni hormatlamaga borçly ol. Men bilýärin, Togruly Togrul eden Ybraýym bilen Altynjan hatyn! Goý, goý, sen hernäçe garşy çyksaň, çykyber! Içiňden welin, meniň sözlerimi oňlap oturansyň. Sen ony mendenem gowy tanaýarsyň. Ähli kişi oňa hyzmat etmeli, ol bolsa hiç kime hyzmat etmeli däl.

– Ybraýym, siz onuň bilen gylyçlaşmakda-da, güýç synanyşmakda-da, ýaýdan ok atmakda-da, suhangöýlükde-de, pä-him-parasatda-da, harby tilsimde-de görnetin asgyn ahyryn. Men günde-günaşa görüp ýörün-ä.

– Bolamda näme asgyn? Sen muňa üns berme.

– Onda men nämä üns bereýin?

– Kim köp olja getirdi? Aýt, aýt, näme üçin dymýarsyň? Näme üçin dymýandygyňy bilýärin. Sebäbi sen hakykaty boýun almak islemeýärsiň.

Ybraýymyň aýtjak sözleri kändi. Juda kändi, ýöne Altynjanyň o sözleri diňläsi gelenokdy. Bu Altynjana gerek zat däldi. Altynjan Ybraýymyň dowzahy garaýyşlary bilen dünýäge, adamsyna seretmek islemeýärdi. Ol dünýäge adamsynyň jenneti hem hökümdar garaýşy bilen seretmek isleýärdi.

* * *

Togrul beg köplenç ýörişdedi, Ybraýymy ýanyndan aýyrmaýardy. Ony ýany bilen Wizantiýaga gazawada alyp gitdi. Gaýdyşyn bolsa ony Mosul diýaryna häkim belläp gaýtdy.

Geň, juda geň, adama ýamanlyk gelse, eden ýamanlyklaryndan däl-de, köplenç eden ýagşylyklaryndan gelýär. Ybraýym babatda-da şeýle boldy.

Togrul beg: «Goý, Ybraýym ýazylyp-ýaýrap ýaşasyn» diýen pikir bilen oňa köp mukdarda baýlyk, köp ýerini ykta berdi. Ybraýym bolsa, baýlygynyň gadyryny bilmedi, ýazylyp-ýaýrap ýaşamady, Togrul begi tagtdan agdarmak üçin uly goşun jemlemäge girişdi. Aňynda diňe bir pikir kowsar urdy: «Togrul begi tagtdan agdarmaly, men seljuk şalygynyň şasy bolmaly».

Togrul beg ynsanyň ulaldygyça diňe bir gazanman, eýsem ýitirýändigi hem baradaky netijä geldi. Ulylygyň öz artykmaçlyklarynyň bolşy ýaly, çagalygyňam jedelsiz artyk taraplary bar. Şonuň üçinem ulalmagy kämilleşmek däl-de, diňe üýtgemek diýip kesgitleseň, has dogry, hakykata laýyk boljak.

Çagalykda ahlaky manydaky ýaramaz gylyklar, çagada ahlaky manydaky betha sypatlar bolmaýar. Çaga gorkak bolup biler, emma namart bolmaz, çaga ýalan sözläp biler, emma al salyp bilmez, çaga basdaş bolup biler, emma görip bolmaz. Iň oňat adamlar ulalandan soňam, çagalygyndaky päkliginde galýan, çagalygyndaky asyllylygyny ýitirmeýän adamlardyr. Togrul beg şeýle adamlara seýrek duş gelipdi, ol şeýle uly çagalary oňat görerdi. Olarda isleg bolýar, emma hiç mahal nebis bolmaýar. Nebis ynsan ulanandan soň ýüreginde peýda bolýar. Häsiýet – hulk manysyndaky ulalmak ynsan häsiýetiniň tebigylykdan daşlaşyp, jemagaty mazmuna eýe bolmagy. Jemgyýet bolsa, tebigatdan tapawutlylykda, ýaramazlyklary-da özünde saklaýar. Tebigat – «niýet, bähbit, matlap, maksat» diýilýän itergilerden azat ýaşaýyş meýdany. Onda ýeke-täk erk – Allatagalanyň erki-eradasy höküm sürýär.

Jemagatda kiçi hem bolsa, ikinji ähmiýetde ikinji hatarda hem bolsa ýene bir erk – ynsan erki hereket edýär. Ynsan ulalyp, özüni hökmürowan hökmünde duýýar. Çagada bolmadyk häsiýetler ýüze çykýar. Ýaşlykda Ybraýymyň bar islegi Togrula meňzemekdi: onuň geýnişi ýaly geýinýärdi, onuň ýöreýşi ýaly ýöreýärdi, Togrul deýin özüni salykatly alyp barýardy, onuň aýdýan sözlerini aýdýardy, ýöne, barybir, il içinde diňe Togruly hatyralaýardylar. Şeýle bolansoň, ol begi hatyralaýan adamlary ýigrenýärdi. Togrul begçe bolup bilmeýändigine gahar edip, käteler özüni ýowuzdan-ýowuz jezalandyrýardy; birki günläp hiç zat iýmän gezerdi, garagana boýalýança maňlaýyny ýere urardy. Ýyllar geçdigisaýyn Togrul beg onuň üçin elýetmez şaha öwrüldi; abraýy-mertebesi artdy. Ybraýym Togrulyň üstünliklerine bir tarapdan guwandy, oňa ýardamçy bolýandygyna buýsandy, il içindäki abraýynyň begiň abraýy mynasybetlidigine akyl ýetirdi; ikinji bir tarapdan bolsa, oňa göriplik etdi. Ol göriplik etmeli däldigini bilmesine bilýärdi, ýöne özüne erk edip bilenokdy. Göriplik onuň erkinden rüstem gelip, ygtyýaryny elinden düýnäp alýardy.

Togrul beg Ybraýymyň ýaşlyk bassaşlygynyň açyk göriplige ösüp geçendigini gördi. Göriplik onuň içindäki dowzahyň çäginiň ulalmagyna getirdi, şeýle-de ýalňyş hem ýaramaz hereketleriň döremegine sebäp boldy.

Ybraýym maksadyna ýetmegine garalla bolýan kişileri ýok etmegi ýüregine düwdi, şu maksat bilen ilki Bekdaş Rudbaryň kastyna çykdy. Elbetde, Bekdaş ejesiniň doganydy. Bekdaş Ybraýymy gujagynda göterip ulaldypdy. Oňa söweş tilsimlerini öwredipdi, ýöne ol oňa: «Ybraýym, Togrulyň garşysyna gitme!» diýdi. Onuň her bir ädimini yzarlady, bege habar ýetirdi. Hut şonuň üçinem Ybraýym birnäçe pidaýyny Bekdaşyň üstüne gönderdi.

Peýkam öz doganynyň ölümini Ybraýymdan gördi. Ony öldürmek üçin eline gylyç alyp sürünende Peýkamy Süleýman mälik saklady.

Ybraýym Bekdaşyň öldürilmeginde eliniň ýokdugyny nygtap, ant içdi.

Şondan bir aýdan soň Ybraýym Peýkama egin-eşik sowgat berdi. Onuň beren egin-eşigini geýen Peýkam şol gün jan berdi. Görlüp oturylsa, egin-eşik zäherlenen eken...

* * *

Besasury Türkmen güýç toplaýardy. Onuň ýanynda araplaryň Alemeddin (Diniň baýdagy) lakamly, Kuraýş ibn Badran ibn al-Musaýyp ibn al-Mukallat al-Ukaýly atly soltany bardy. Ol Bagdady eýeläpdi, halyf Kaýym Bemryllahy mugyra getiripdi. Halyf çykalga gözleýärdi. Eger Togrul beg Büweýh döwletini özüne tabyn etse – Bagdady eýelese, garamatyny öz üstüne alsa, onda halyf öz köşgünde erkin ýaşap biljekdi. Onuň her bir güni gorkuda geçýärdi. Özüniň bu ýagdaýyndan halas edip biljek, özüni öňki köşgünde oturdyp biljek ýeke-täk adam – seljuk Togrul begdi. Bir ýyla çeken gaçha-gaçlykdan dynmak üçin halyf Togrul bege nama gönderdi.

Apbasy halyflygy Muhammet aleýhyssalamyň doganoglany Apbas (Abylapbas) Saffahdan gaýdýardy. Apbas 750-nji ýylda Beýik Zap Suwy söweşinde emewileriň häkimiýetini ýykyp, öz häkimiýetini – halyflygyny döredipdi. Apbas Saffahdan soň onuň ogly Mansur (754 – 775 ý.) döwletiň paýtagtyny Bagdada geçirdi. Halyflyk Mamun döwründe Merwdedi. Bagdat merwli magmar Hommat Türkmeniň guran binalary esasynda hakyky döwlet merkezine öwrülipdi. Bu şähere Mamun merwli alymlary, hünärmenleri zorluk bilen göçürip getiripdi. Ýöne Harun Raşidiň halyflygynyň soňky ýyllarynda, aýratynam ondan soňky tagta çykan halyflar döwründe halyflygyň syýasy birligi gowşady. Müsürde Tulun Türkmen özbaşdak döwlet gurdy. Emewileriň bir goly Ispaniýada özbaşdak halyflyk boldy. Horasanda we Mawarannahrda Apbasy halyflygyndan bölünip, tahyrylar, samanylar, saffarylar, soň gaznalylar özbaşdak döwlet gurdular. Halyflyk islese-islemese, ol döwletleriň özbaşdaklygyny ykrar etmeli bolýardy. Öz agalygyny saklamak üçin herhili pirimler ulanýardy.

Müsürde we Demirgazyk Afrikada gurlan şaýy Fatymy halyflygy Gyzyl deňzinden Atlantik ummanyna we Demirgazyk Siriýa çenli ýaýlyp ýatan ülkeleri golastyna alyp, sünni halyflygyna – Apbasy halyflygyna howp salýardy. Ýyllar Apbasy halypalygynyň peýdasyna işlemeýärdi. Fatymy halyflygy Apbasy halyflygynyň goşunbaşysy Arslan Besasury Türkmeni öz tarapyna geçmäge razy edipdi.

Arslan Besasury Türkmen ýetim çagajykdy, halyf ony öz ýanyna alypdy. Ekläp-saklady, bilim-terbiýe berdi. Ol mahal Arslan Besasury häzirkisi ýaly rehimsiz däldi. Mähribandy, dilrubady, hoşzybandy, wepalydy. Bu gün hökümdar bolmak küýsegi onuň ynsabyndan rüstem çykypdyr. Halyf ähli süteme döz geldi. Soňam halyf al-Kaýym paýtagtdan gaçyp, Hadysat Ana, ol ýerdenem Anwara bardy. Ýöne Besasury başda halyfa fatymaçylaryň peýdasyna tagtdan-halyflykdan el çekýändigini resmileşdirdi: oňa gol çekdirdy. Netijede, Apbasylar halyflygy gutardy, fatymaçylar halyflygy diňe Müsürde däl, indi Bagdatda-da hökümini ýöredip ugrady. Apbasy halyfatynyň oňonlary, möhürleri, hatda Muhammet pygamberiň donuna çenli Kaire ugradyldy. Bagdatda halyf al-Mustansiriň adyna hutba okalyp başlandy.

Ýedinji, sekizinji asyrlar araplaryň dünýä ýaň salan, Aziýanyň köp halklarynyň yslam dinine uýmagyny gazanan asyrlary hökmünde taryha giren bolsa, onunjy, on birinji asyrlar oguzlaryň araplaryň döreden yslam dinini goran ýeke-täk din gylyjy – halk hökmünde taryha girdi.

## Ýedinji hekaýat

## GÖZ – TEREZI, KÖŇÜL – KAZY

Togrul beg halyf Kaýym Bemryllahyň hatyndan soň mukaddes şähere – Bagdada gitmäge taýýarlyk görüp ugrady. Ol yslamyň paýtagtyna halas ediji hökmünde girmek isleýärdi, şu maksat bilen özüniň aňtawçy toparyny Bagdada ýollady. Aňtawçy toparyň maksady Bagdatdaky harby güýji doly öwrenmekdi, şeýle hem deýlemlileriň, fatymylaryň, Arslan Besasurynyň eden-etdiliklerini ýerli ilata düşündirmekdi, ilaty olaryň garşysyna aýaga galdyrmakdy. Çünki Bagdatda Arslan Türkmeni özlerine ýalňyz hossar hasap edýänler hem kändi.

Togrul beg aňtawçy toparyň habaryna garaşdy.

Şol bir wagtda-da ýeke günem boş geçirmän, Bagdada giriş dabarasyna taýýarlyk gördi.

On bäş güne çeken türgenleşige wezir Kundury bilen Mübarek han ýolbaşçylyk edýärdi. Olar her gün agşam bege hasabat berýärdiler, täze görkezmeler alýardylar.

Togrul begiň goşuny Bagdada ýedi günläp girmelidi. Ýedi günüň dowamynda Bagdada girýän goşunyň yzy üzülmeli däldi.

Bagdatlylar ýedi günläp her bir atly topar görnende beg gelendir öýtmelidi. Hiç kime anyk habar aýtmaly däldi. Şeýdip, bagdatlylary aňk etmelidi, Togrul begiň güýjüni görkezmelidi.

Şeýle-de boldy.

Şähere uzak garaşylan Togrul begiň gelýändigini eşiden Besasury Arslan Türkmen Bagdady terk edip gitdi.

Halyf uzaga çeken gaçha-gaçlykdan soň, ahyryl-ahyr öz köşgüne dolandy.

Şäher baýramçylyk görnüşine girdi.

Wezir-wekilleriň Bagdada haýsy gün girmelidigi bellidi.

Togrul beg Bagdada ýörişiň ýedinji güni günortan gelmelidi.

Haremhana topary begiň yzyndady. Beg bilen haremhananyň jandarlary birdi.

Altynjan kejebede oturyp, bagdatlylaryň tagzym edişlerini, özlerine haýran galyp seredişlerini, begiň deňlerinden geçip barşyna begenip gygyryşlaryny, ellerini galgadyşyp diriň-diriň böküşlerini synlap barýardy.

Beg öňdäki pilde sarsman otyrdy.

Sekiz piliň içinde begiň münüp barýanynyň bezegi has tapawutlydy. Piliň üstündäki saýawan gymmatbaha şaý-sepler bilen bezelendi, onuň gotazlarynda gymmatbaha jowahyr hem zümerret daşlary lowurdaýardy[1].

Bagdatlylar sekiz piliň bezegine seredip aňk boldular. Bu bezegler ýöne ýere däldi. Bu bezegleri gören adamlarda Togrul begiň biçak baýdygyna ynam döretmelidi. Bu baýlygy gören adamlarda tamakinçilik duýgusy oýanmalydy. Hakyt şeýledi: pilleri görenlerde bege ýakyn durmak, onuň ýalkawyna mynasyp bolup gazanç etmek höwesi oýanýardy.

Altynjan hatyn köşge Ferdöws derwezesinden girdi, pilini haremhananyň ýanynda saklady.

Pil aşak çöken dessine birmeňzeş ak atlaz geýnen on iki sany garaýagyz janperwer gyz peýda boldy. Olar Altynjany göterip diýen ýaly, iki gyrasyndan götermek üçin amatly edilen ýaýbaň, owadan bezelen zemmere – tagtyrowana eltip oturtdylar.

Ýüzi-gözi, kaddy-roýy durşuna hoşaýandalyga, hoşnemalyga eýlenen uzyn boýly, hortap, hoşmanzar, garaýagyz gyz Altynjanyň daşyndan hozanak berip aýlanýardy. Megerem, ol on iki keniziň eýesi bolarly. Pyşyrdap, olaryň etmeli işlerini aýdýardy.

Garaýagyz, janperwer gyz entek Altynjan piliň üstünden düşmänkä onuň aýaklaryna öwran-öwran tagzym edip, maňlaýyny degrip, soňundan gyzgyn tenekar demi bilen taýly gezek ogşapdy.

Bu hoşlaka gyza Altynjan hatynyň bada-bat syny oturdy: «Eý, Hudaý! Bu peri-peýker sypatly gyz kimiň lukmasy bolarka? Kimiňki bolsa, şol gerçegiň-ä salawaty daş ýarar» diýip, Altynjan gyza hyrydar gözleri bilen seretdi. Eýjejik gyz Altynjan hatynyň içki pikirini aňan ýaly, birgeňsi ýylgyrdy.

Altynjanda enelik mähri oýandy. Ol hoşlaka gyzyň elinden gysdy. Özüne duýgudaşlyk bilen bakýandygyna göwni göterilen janperwer gyz arap dilinde ýuwaşja gürledi:

– Men siz hakda örän kän rowaýatlary eşitdim, mähriban Altynjan hatyn. Perwerdigär siziň janperwer jemalyňyzy görmek salawatyny maňa rowa bildi. Wasp edişleri ýaly, siz hakykatdanam dilruba hem merdana hatyn ekeniňiz.

Altynjan hatyn bu söze jogap berjek bolmady.

Sekiz sany ziňňirt uzyn hebeşi hatynyň oturan tagtyrowanyny göterip ýöräp ugrady. Ony ýörite taýýarlanylan haremhana eltdiler. Janperwer gyz giň otagda Altynjan hatynyň ýerine geçip oturmagyna hemaýat berdi.

– Dilirje gyz, adyň näme?

– Adym Seýidde, men halyf Kaýym Bemryllahyň gyzy – diýip, hoşlaka gyz Altynjan hatyna bulgur uzatdy. – Altynjan melikäm, bir owurt şerbet içiň!

– Dilirje gyz, meniň bir zat içmegimi isleýän bolsaň, onda maňa bir jam suw ber!

* * *

Ine, bu gün iki ýüz ýigrimi ýyla çeken büweýh nesilşalygy synýardy. Altynjanyň häzirki oturan ýerinde mundan on gün öň hem soltan al-Mälik ar-Rahymyň hatynlary, gyz-gelinleri ýaşaýardy. Bu otag soltanyň baýry hatynynyňkydy.

Wezir Kundury bu otagy Altynjan hatyn üçin ýörite saýlapdy hemem otagyň içinden käbir goş-golamlary aýryp, hatynyň hoşuna geläýjek zatlary goýupdy. Onsoňam ýorgan-düşekleriň, geýim-gejimleriň ählijesi ýaňy iňňeden çykandy, täzedi.

Iň uly otag diýseň sünnä bezelendi.

Ine, şeýle ussatlyk bilen nagyşlanyp edilen äpet agaç gapynyň çep tarapynda gyralaryna altyn çaýylan, adamboýy beýiklikdäki aýna bardy.

Aýnanyň gapdalyndaky ýaýbaň tekjäniň üsti her hili müşkli gumgumajyklardan doludy.

Altynjanyň dynç almagy üçin niýetlenilen düşek iki zirag beýiklikdedi. Ini alty, uzynlygy sekiz zirag çemesidi, ýaýbaňdy. Üstünde ýatsaň, ýumşak düşek jana ýakymlydy.

Düşegiň dört burçundan altyndan sütün galdyrylandy. Ol sütünler biri-birine berkidilendi. Düşegiň depesinden her dürli ululykdaky gotazlar sallanyşyp durdy, ýukajyk ak atlaz bilen örtülen düşegiň üstündäki tuty kiçeňräk bir köşgi ýada salýardy.

* * *

*447-nji hijri ýyly – 1055-nji milady ýyly.*

*Togrul beg bu ýylyň remezan aýynda Bagdada geldi. Ol gelip hökümet köşgüne ýerleşdi. Onuň adamlary hem türkmenleriň öýlerine myhman boldular. Ýanynda sekiz pil bardy. Besasury gaçyp, Rahbe şäherine gitdi.*

**Ibn Kesir.**
**Başlangyçdan ahyra çenli.**

* * *

**A**ltynjan Bagdada tiz öwrenişdi.

Büweýh hanedanlygynyň haremhanasynyň ýerleşişi, baglar, Dejlede[2] gämili ýüzmek Altynjanyň hoşuna geldi. Ol derýada gämili ýüzende-de, bagyň içinde aýlananda-da ýanyndan Seýiddäni aýyrmady. Asyl Seýiddäniň aýrylasy-da gelmedi. Ýöne mydama bile bolmak islegi başa-da baryp duranokdy: Togrul beg hatyny köplenç ýanyna çagyrýardy. Çünki edilmeli işler, çözülmeli meseleler juda kändi.

Büweýh patyşasy Aduddöwläniň agtygy al-Mälik ar-Rahymy Reý şäheriniň gapdalyndaky Taberek galasyndaky zyndana oklanyň bilen iş gutaraýanokdy. Bu müň aladanyň diňe biridi. Galan aladalaryň içine musahhar kylan ýeriňe eýe çykmak, dolandyrmak, emeldarlar – her ýurtda müňläp emeldar bar – bilen düşünişmek, olaryň etmeli işlerini kesgitlemek, kimiň özüňe hyzmat etjegini-etmejegini anyklap, anyk bir netijä gelmek, olary mynasyp ýerlerinde oturtmak, kadaly edara edişi ýola goýmak aňsat däldi. Köşk emeldarlaryny näme etjek? Eger olary ýok etseň, onda ýerine adam tapmaly. Köşk emeldarlygy-da aňsat iş däl. Şonuň üçin öňden işläp ýörenleriniň köpüsini tejribelidikleriniň hatyrasyna öňki wezipelerinde işletmeli bolar, ýöne olar saňa wepaly gulluk etjeklermi? Kimiň kim bilen ümi alyşýar? Kim kime garşy? Olar seniň garşyňa dil birikdiräýmesinler? Iň bärkisi, aşpezler hem özbaşyna bir dünýä. Kim hansalar bolmaly? Togrul beg özüniň iň ýakyn adamyny – baş weziri Kunduryny Bagdat boýunça başlyklarbaşy belledi. Çünki ol arap dünýäsine beletdi. Halyf oňa Amydylmülk[3] unwanyny hem berdi.

* * *

**Alty**njanyň günem aňsat däl. Hana, büweýh hanedanlygy döwründe köşkde işlän wezir-wekilleriň hatynlarynyň köpüsi gözýaşlaryny hem çagalaryny delil edinip, ylla ahyrzaman depelerinde asyl-asyl bolup duran dek bolup, arz bilen gelýärdiler.

Altynjan gelýänleriň ählisiniň meselesini çözmelidi, çözüp bilmedigini Togrul bege ýa-da başlyklarbaşy Kundura ýetirmelidi. Göz – terezi, köňül – kazy: Altynjan dergähine gelýänleriň näjüre adamlardygyny ýalňyşman çözmäge çalyşýardy.

Günler gaty tiz geçýärdi, ýaňy dogan Gün, bir görseň, ýaşyp barýandyr. Iş-aladaga ber-başagaý bolup, Altynjan hatyn käte owkat edinmegi-de ýadyndan çykarýardy. Seýidde oňa halasgärdi, ýardamçydy. Ol ýemenli Uweýs[4] deýin yhlaslydy, sadykdy: Altynjan üçin janyny bermäge-de taýýardy.

Arz bilen gelýänleri Altynjan tanamasa-da, Seýidde tas ählisini diýen ýaly tanaýardy. Şonuň üçinem olaryň hiç birem Altynjanyň gözüni güýdüşdirip bilenokdy. Ýogsam Altynjany ät galdyrjak, aňňalak

gapdyrjak aznawur, hajyraw hatynlar kändi. Olaryň ärleriniň biri ölendi, biri ýaradardy, beýlekisi ýene bir zatdy. Başga biri ata-babalaryndan miras galan, iki ýüz ýigrimi ýyl gowrak wagtyň içinde büweýh soltanlarynyň hiç biriniň hem ýüzüň üstünde burnuň bar diýmän hormatlan-yzzatlan asylzada-begzada maşgalasydygyny; bu gün şol asylly maşgalanyň tozdurylandygyny; özleriniň bir döwük kersenleri bilen ýarym ýalaňaç halda köçä zyňlandyklaryny; şeýle-de bolsa, özleriniň seljuk beglerine, aýratyn hem Togrul bege ymgyr uly sarpa-mertebe goýýandyklaryny; ömürleriniň ahyrlaryna çenli gije-gündiz uklaman wepadar hyzmat etmek isleýändiklerini; ýöne elinden gül dökülýän äriniň häzirki döwürde öňki ýaşan öýüniň ýarym ziraglyk ýarym kölegesinde ezenegini agdyryp işsiz oturandygyny; äri täze döwlete gulluk edip başlasa, onda bu döwletiň dünýäde görlüp-eşidilmedik derejelere eýe boljakdygyny; dünýäniň ähli baýlygynyň, göwher-jowahyrynyň şu döwlete güzer saljakdygyny, pasylatlyk-mürewwetlik lybasynyň bege ýapylyp, at-mertebesiniň äleme doljakdygyny; ärini – beýle gymmatly işgäri sypdyrmaly däldigini; beýle gymmatly işgärleri işletmegiň peýdalydygyny; şeýle hem begiň iň ýakyn nediminiň, külli zenanlaryň howandary Altynjan hatynyň pähim-parasada ýugrulandygyny; onuň tangyrdygyny; bir görende adamyň näjüre adamdygyny doly tanaýandygyny; ellerinden gül dökülýän adamlaryň gadyr-gymmatyny bilýändigini; özleri babatda-da melikeden adalata, tangyrlyga garaşýandyklaryny; hut şu umyt-intizarlyk bilenem Altynjan hatynyň mübärek dergähine gelendiklerini nygtaýardylar. Herhal, gelýänleriň galabasynyň möhümi bitirilýärdi. Büweýh döwleti döwründe hormatly dynç alşa ugradylan adamlaryň ydratlaryny-da[5] täzeden dikeldýärdiler we şalygyň çalşandygyna seretmezden, ydrat bermegi ýola goýýardylar.

Bagdat Altynjan üçin düýpgöter täze dünýädi, mukaddes dünýädi. Bu şäherde durmuş hem melikäniň göwnüne başgaça ýalydy. Ol her bir zatda syr hem howp duýýardy. Göwnüne bolmasa, aýylganç bir howp ýakynlap gelýän, kimdir biri oňa: «Altynjan, mert bol! Başyňa düşjek betbagtçylygy merdanalyk bilen çek!» diýýän ýalydy. Ol bu habary aýdanyň kimdigini görjek bolýan deýin, töweregine garanjaklaýardy.

Bagdatda onuň akgyzlarynyň sany üç ýüzden-de geçdi. Ýene şonçarak agta onuň gullugyndady, müňden gowrak musfat bolsa onuň goragyndady.

Başlyklarbaşy Nasyr Kundury her gün säher bilen Togrul begiň hem Altynjanyň dergähine gelip, olara Taňrysalamyny berýärdi.

Altynjan Kunduryny gowy görýärdi, oňa aýratyn hormat goýýardy. Onuň biçak sowatlylygy, işine ezberdigi, çulumlygy, eden işini sünnäläp edişi Altynjanyň hoşuna gelýärdi.

Hatynyň köşkde hatyralaýan adamlary az däldi. Ol Mübärek hany, Äpdeşir Magtaranyny, Dodurga Merwezinini, Uhjury hany, Hapban Endikänini aýratyn gowy görýärdi. Aýratyn hem bu kişilerdäki dogumlylygy, tüýs türkmen, tüýs erkek diýdirýän mertlikleri, batyrlyklary, gaýduwsyzlyklary gowy görýärdi. Ol aşa mylaýymlylygy, sypaýyçylygy erkek kişä gelişmeýän häsiýet hasaplaýardy. Ol: «Aşa mylaýym, aşa sypaýy, aşa mähribansyraýan kişileriň ýürekleri arassa däldir, olar öz bozuklygyny, hapalygyny ýapmak üçin mylaýymsyraýarlar» diýip, käteler pelsepe otarýardy. Abu Zurga Hannakyny-da, Ýusup Bazyrganyny-da aşa sypaýylygy, hoşsözlüligi üçin halamaýardy. Haçan-da Bekdaş olaryň kimlerdigini paş edende ol öz pikiriniň dogry çykandygyna öz ýanyndan buýsanypdy.

### Sekizinji hekaýat

## GOÝUN SEMREDIGIÇE, ÝUWAŞ BOLAR

Altynjany Bagdatda biynjalyk eden zatlaryň biri Anuşirwanyň bolşudy. Göräýmäge, onuň bolşunda üýtgeşik hiç zat ýok ýalydy, ýöne Altynjan ondaky düýpli özgerişligi – sowukmähirliligi, geleňsizligi duýýardy.

Ol öň häzirkisi ýaly sowukmähir däldi: «Enem, käbäm, lalam, walydam» diýip, her günde telim ýola Altynjanyň halyndan habar alardy. Gowudan-gowy, mylaýymdan mylaýym söz tapyp, onuň göwnüni awlardy, hoş sözüni gaýgyrmazdy. Işi hernäçe köp bolsa-da, hoşamaý sözüni aýdyp gitmek, hal-ahwal soramak üçin wagt tapardy. Özem gelende köplenç şygyr okardy. Şeýlebir şygyrlar düzerdi, aýtjak sözünem şygyr bilen aýdardy. Onuň şirinden-şirin şygyrlaryna, şahyrlygyna Altynjanyň göwni ýetýärdi. Anuşirwan tarhandökerliginiň, her hili hokgalarynyň üstüni özüniň şadyýanlygy, hoşamaýlygy bilen örterdi. «Hoşamaý söz süňk döwer» diýleni çyn bolmaly. Altynjan: «Indi hernäçe ýalbarsa-da, Anuşirwana bir danka-da berjek däl» diýip ýüregine berk düwerdi,

ýöne onuň hoş sözüni birpaýyz diňländen soň bolsa, oňa hiç zadyny gaýgyrman bererdi, näçe berse, gözüne az görnerdi.

Anuşirwan aşa ýatkeşdi, köp şahyrlaryň şygyrlaryny ýatdan bilýärdi, aýratynam Abu Tammam at-Taýyň, Abu Hafs aş-Sadranjynyň[1] goşgularyny okamagy gowy görýärdi. Abu Nuwasyň[2] şerap, meýlis hakdaky şygyrlaryny bolsa ol Togrul soltanyň gurýan meýlislerinde okaýardy. Serkerdeleriň arasynda bolanda Firdöwsiniň «Şanamasyny» okaýardy, uzak ýörişe ugraljak bolanda, kethudalaryň arasynda Söbükteginiň «Pentnamasyny» labyzly ýatdan aýdardy. Mahlasy, ol haýsy ýerde bolsa, ähli kişiniň özüni diňlemegini, özüne kökerilmegini başarýardy. Altynjan onuň bu başarnygyna biçak guwanýardy.

Ýöne, wagtyň geçmegi bilen, Anuşirwan meýlislere barmasyny azaltdy. Öňküsi ýaly göçgünli şygyrlaryny-da okajak, ähli kişiniň ünsüni özüne çekjek bolup duranokdy, özüni görer gözden çete çekmäge çalyşýardy. Mydama aladalydy, işlidi. Özem ol adamlara şübheli garaýardy.

Altynjan her hepdede üç-dört gezek Anuşirwanyň diwanyna baryp, onuň halyndan habar almaga başlady. Ol haçan görse, Anuşirwan kimdir biri bilen kelle degrişip pynhan gürrüň edip oturan bolýar. Altynjan baransoň ol edip oturan gürrüňini göwünli-göwünsiz goýýar.

Anuşirwanyň pynhan sözleşýän adamlary birsyhly üýtgäp durýardy. Onuň ýanyna nätanyş adamlar köp gelýärdi. Altynjan Anuşirwanyň o nätanyş adamlar bilen näme hakda sözleşýändigini bilmek isleýärdi. Ol birki gezek Anuşirwandan bu hakda göni sorady, ýöne ol her gezek anyk jogap bermän, gümmi-sümmä urdy.

Altynjany biynjalyk edýän zat Anuşirwanyň nätanyş adamlar bilen pyşyrdaşyp edýän gürrüňleriniň gutarmaýanlygydy.

Anuşirwan Altynjanyň ýanyna soňky birki aýyň içinde üç gezek gelipdi, üç gezek gelende-de kimdir birini haýsydyr bir işe belletmek üçin gelipdi. Olaryň ikisinde Togrul bege, birinde Kunduryga aýdyp, Anuşirwanyň islän adamlaryny işe belledipdi. Onuň goldawy bilen bütin ömrüni täjirlik bilen geçiren elli ýaşly bir kişini (ady ýadyndan çykypdyr) Hyradyň walysy wezipesine belläpdiler. Üstaduddar Ärdeşir Magmarany wezirler diwanynyň naýyby, Tahyr Ryza diýen kişi Ybraýymyň weziri wezipelerine geçipdiler.

Olary işe belletjek bolup Anuşirwanyň hars urup ýörmesi Altynjana gaty düşnüksizdi. Olary işe ýerleşdirmek Anuşirwanyň wezirlik edýän diwanyna degişli-de däldi. Ol Togrul begiň haryja – daşary ýurt işleri boýunça weziridi.

Anuşirwan hiç wagt ertesiniň pikirini, aladasyny eden adam däldi. Ol şu güni bilen ýaşaýardy, ylla şu güni iň soňky güni ýalydy.

Dodurga Merweziniň gyzy Gülaýyma öýlenensoň, Anuşirwanyň tarhandökerligi azaldy.

Geň, juda geň, ol baýlyga gyzykdy. Hatyn bilen hatynyň arasy ýer bilen gök ýaly eken. Janahyr Geçdekiniň gyzy Göwheraý Anuşirwana onçakly täsir edip bilmändi.

Altynjan Anuşirwanyň baýlyga gyzykmagyny gowulyga ýordy.

Öň onuň Altynjandan gizlin zady ýokdy. Indi welin, ol syrlydy. Altynjanyň bilýän bir zady bardy, ol hem Anuşirwanyň soňky döwürde aşa baýanlygydy. Ol halyfyň wezirleri deýin aýda müň dinar aýlyk alýardy. Mundan-da başga ol bäş welaýatyň yktadarydy. Onuň on üç şäherde dükany, bazary bardy. Bir gezek meýden mes bolanda aýda ýigrimi müň dinar girdeji gazanýandygy bilen magtanypdy.

Huzurynda bäş müň hyzmatkäri bardy.

Reýde hem hatynynyň doglan ýeri bolan Merwde iki ýüz otagly owadan köşk gurupdy.

Onuň durmuşynda kem zady ýokdy. Ol ýeten derejesiniň gadyryny bilýärdi. Togrul bege tagzym edýärdi, onuň adyna mertebeli sözleri aýdýardy. Altynjana: «Depämiň täji enem, mähriban enem» diýip ýagşydan-ýagşy sözler bilen ýüzlenýärdi.

Anuşirwanyň mydama göçgünlidiginden çen tutup, onuň gamlanýan wagty ýokdur öýdýän kişiler kändi, ýöne onuň gamlanýan pursatlary soňky ýyllar köp gabat gelýärdi. Özem ol käteler bir ahwalaty ýatlap, gam donuna bürenýärdi. Ol oglunyň bolmaýanlygy üçin örtenýärdi, her gezek hatyny hamyla bolanda ogla garaşýardy, ýöne gyzy bolýardy.

Onuň bäş gyzy bardy.

– Hudaýyň berenine şükür et! – diýip, Altynjan ony köşeşdirmäge çalşardy.

Anuşirwan oglunyň bolmaýanlygynyň sebäbini birinji ogluny – kakasynyň adyny dakan ogluny özüniň öldürenliginden görýärdi.

– Mende mirasdar bolmaly dälmi?! Tahyr Afrasýabyň neberesi gutaraýmalymy? Bu nähili elhençlik! – diýip, Anuşirwan kellesini tutup, gerdun pelekden perýat ederdi.

Altynjan ony köşeşdirjek bolup garaheläk bolardy:

– Sen entek ýaş, geljegiň öňüňde! Nesip bolsa, ogluň hökman bolar!

Şu güne çenli diňe bir Altynjan hatyn däl, ähli kişi ondan razydy, ähli kişi ony hatyralaýardy, eziz görýärdi, ýöne bu gün onuň üstünden arz edildi, özem gaty täsin, akyla sygmajak arz.

Togrul begiň wezirler diwanynyň naýyby Ärdeşir Magmarany geldi:

– Men Anuşirwany gaty gowy görýärin. Men ony hatyralap birnäçe gezek öýüme myhman çagyrdym. Ol bolsa düýn meniň tokal (körpe, kiçi hatyn) hatynymy nahanlykda alyp gaçypdyr. Ol meniň tokalymy bersin.

Altynjanyň geňirgenmesiniň üstüne Anuşirwanam geňirgenme goşdy:

– Käbäm, meniň gaýgy-gussa donunda ýaşamagyma siz razymy?

– Bu näme diýdigiň bolýar?

– Ärdeşir Magmaranynyň on bäş ýaşly tokaly meniň gaýgy-gussa donumy uçmahy eşrete öwrüp biljek ýeke-täk hatyn. Men Ärdeşire tokalynyň agramyna barabar dinar bereýin, goý, ol tokalyny maňa bersin, goý, onuň tokaly meniň tokalym bolsun!

Altynjan näme diýjegini bilmedi, kellesini tutup, başyny ýaýkady. Akylyňa gelmejek zatlar başyňa gelýär.

Altynjan Anuşirwandaky üýtgeşikligi onuň baýamagy sebäplidir öýdüpdi, goýun semrese, ýuwaş bolýandygyny ýatlapdy. Baýamagyň ýuwaşamaklykdan başga-da oýunlary köp bolardy.

Baýlygyň oýunlarynyň birini-hä Altynjan Anuşirwanyň mysalynda gördi, beterinden Hudaý saklasyn!

## Dokuzynjy hekaýat

## JAN GOLAÝÝNY KESEL BILER

Togrul begiň ýaşlykdan bäri mahal-mahal burny ganaýardy. Ilkinji gezek ony Çagry on-on iki ýaşlarynda ganadypdy, has takygy, ýüzüne daş bilen urup, burun süňküni döwüpdi. Şonda gan onuň diňe burnundan däl, agzyndanam, gözlerindenem akypdy. Gaty kän gan akansoň, ol özünden gidipdi. Ony ölendir öýtdüler. Ol welin, ne öli, ne diri bolup, iki günläp ýatdy. Üçünji gün birazajyk bulamak içdi.

Eden işinden gorkan Dawut öýünden gaçyp gitdi, alty günläp meýdanda elkin ýatdy.

Ýedinji gün ony tutup getirdiler.

Şondan bärem burunganama keseli Togruldan aýrylanokdy. Özem mydama garaşylmadyk wagty ganady. «Häzir burnum ganar» diýip pikir eden wagty däl-de, hiç hili sebäp bolmadyk pursatlarda ganardy.

Ýene şeýle boldy: Togrul begiň burny ganady.

Özem hiç hili sebäpsiz ganady.

Ol ýeke ýatyrdy.

Süýji uklap ýatyrdy.

Haýsydyr bir güýç ony ukudan oýardy, burnundan gan akýandygyny duýdy.

Barlap görse, ýatan ýassygy gandan ýaňa öl-myžžyk bolupdyr.

Ol burnuna esgi bölejiklerini dykyşdyrdy.

Gan, barybir, saklanmady.

Beg burnuny gysyp, Altynjanyň ýanyna gaýtdy.

Altynjan begi haremiň daşişiginde garşylady:

– Begim!..

– Sen näme üçin daşişikde dursuň? Entegem ýataňokmy? – diýip, Togrul beg geňirgenmesini daşyna çykardy.

– Ýatyrdym, ýöne kimdir biri meni: «Begiň ýanyna bar!» diýip oýardy.

– Kim diýdi?

– Bilmedim men-ä, gulagyma bir ses geldi: «Begiň ýanyna bar!» diýip, oraşan aýtdy.

– Dogry, seniň hemaýatyň gerek, burnumdan gan akýar. Geň, dogrusy, menem birisi: «Beg, seniň burnuňdan gan akýar» diýip oýardy.

Altynjan şemleriň sanyny köpeltdi, akgyzyna üç-dört sany şem ýakmagy buýurdy.

Altynjan begiň ýüzüni, kellesini buz ýaly suwa ýuwdy, soňundan hem burundaky esgileri aýyryp, täzeden dykdy.

Gan saklandy.

Beg rahatlandy.
Ol Altynjanyň ýorganyna girdi.

* * *

Altynjan durmuşa çykyp, seljuklylaryň ýöredýän käbir kada-kanunyny, dogrusy, halamandy, olary artykmaç hossa hasaplapdy, ýöne ýigrimi ýyldan gowrak wagtyň içinde olaryň (Altynjan indi özüni eprikli däl-de, seljukly hasaplaýardy) hiç bir zady ýöne ýere etmeýändiklerine göz ýetirdi.

Ýüz ýedi ýaşan Seljuk beg: «Uzak hem sag ýaşamagyň kepili üç zatdadyr. Kim-de-kim şol üç zady meniň aýdyşym ýaly amal etse, şol kişiniň uzak hem sag ýaşajakdygyna kepil geçip bilerin» diýipdir.

Uzak hem sag ýaşamagyň üç şertiniň ilkinjisi her ýylda iki gezek damaryňdan gan aldyrmak. Ikinji şert: aýda bir gezek içiňi ýuwmak. Üçünji şerti: hepdede bir gün oraza tutmak – agyz beklemek.

Altynjan hatyn sag hem uzak ýaşamagyň üç şerti başga hiç bir ýerde ýokdur öýdüp ýördi. Görüp otursa, bar eken. Özem Seljuk begiň birmahal aýdan o sözlerini ulama Ibn Sina ýazga geçirip giden eken.[1]

Altynjan hem bu usuly ýöredýärdi, bege-de ýardam berýärdi.

Bu meselede soltan diňe hatynyna bil baglaýardy.

Bagdatda bolan ikinji aýynda hem Togrul beg damardan gan aldyrýan wagtynyň gelendigini, ganyny aldyrmak isleýändigini Altynjana ýaňzytdy.

Togrul begiň ganyny bäş-alty ýyl Gutulmyş beg alypdy. Ol bu babatda aşa ökdedi, ýöne häzir Gutulmyş beg ýokdy, ol öz yktasyndady.

* * *

Altynjan gan alyp bolýan alty sany damary bilýärdi. Olaryň birinjisi, gara damar; ikinjisi, eliň iç gapdal deriasty damary; üçünjisi, bilek damary; dördünjisi, «halasgär» damar; bäşinjisi, kifal damary; altynjysy, bilegiň deriasty damary.

Altynjan hatyn Togrul begden gan alynmazyndan burun oňa issop hem timýan[2] bilen gaýnadylan sikanjubin içirdi.

Ol gany Lukman Hekimiň salgy berýän alty ýerinden almaýardy. Onuň, ýok, onuň däl, seljuklylaryň gan alýan ýörite damarlary bardy. Olar, esasan, damarlary maňlaýdan, ýeňseçukuryndan, sag hem çep aýaklaryň topuklarynyň ýanyndan geçýän damarlardan alýardy. Özem ol dört ýerini birbada dilýärdi. Gan begiň dört ýerinden akyp ugraýardy.

Gan başda goýy, gara görnüşde ýuwaş-ýuwaşdan akýardy. Soň kem-kemden öz reňkine gelip, akmasyny, suwuklygyny artdyryp başlaýardy. Göräýmäge, adamyň gany akyp gutaraýjak ýalydy, ýöne Allatagala adama on iki ritl[3] gan beripdir.

* * *

Altynjan edýän işine düýrmegi bilen berlipdi. Ol begiň dört ýerinden asfury hanjary bilen çirtipdi.

Togrul beg gözlerini ýumup, gürlemän ýatyrdy. Onyň ýatan ýeri garagana boýalypdy.

Altynjan mydama damary dikligine dilýärdi, şeýle edilende kesilen ýer tiz bitýärdi. Onsoňam Altynjan dilen ýerleriniň tiz bitmegi üçin zeýtun ýagynda ezilen esgini ýapýardy.

Ol ýene şeýle etdi: ganlaryň akyşy suwuklaşyp ugransoň, zeýtun ýagynda ezilen esgiler bilen dilen ýerlerini daňdy. Akgyzlaryna akan lödere ganlary derrew süpürip aýyrmagy tabşyrdy.

Damarlaryndaky goýy ganlary – lödere ganlary aýryp, ýaş ganlaryň kadaly aýlanmagyna ýol açylansoň, begiň süňňi ýeňleýärdi, ýogsam burnundan gan akyp ugraýardy, soň ony saklamak görgüdi.

– Altynjan, sen hem ganyňy aldyr – diýip, Togrul beg Altynjana maslahat berdi.

– Men hökman aldyraryn!

Altynjan ýalan sözlemeýärdi, begiň ýanynda-ha hiç wagtam ýalan sözlemeýärdi, ýöne, näme üçindir, ol ganyny aldyrmak barada wada berse-de, sözünde durmady.

Ol ganyny aldyrmady.

Munuň sebäbini özünden özge hiç kim bilenokdy. Onuň aşa kelleagyrysy bardy, ol bu agyrynyň emini-de bilýärdi. «Ýeňseçukuryň golaýynda, gulagyň arka ýüzündäki süňküň aşagynda ýerleşýän damardan ganyň suwuk bolmagy sebäpli ýüze çykýan kelleagyry hemem ötüşen kelleagyry azar berende gan alsaň, peýda berýär»[4] diýip, ol

kelleagyry hakda gürrüň gozgalanda aýdýardy. Ýöne özüne gezek gelende bu babatda ol geleňsizlik edýärdi. Aslynda, Altynjanda geleňsizlik ýokdy. Megerem, bu geleňsizlik bilkastlaýyn bolmaly. Näme üçindigi welin, belli däldi…

## Onunjy hekaýat

## KÖZ KÜLDE SAKLANAR

Kabyl Altynjanyň ýanyna begenjine guş bolup uçup geldi:

– Altynjan, Arslan Besasury ýaňy Zenjana (Zenjan welaýaty Kabyla ykta berlipdi) meniň üçin iki müň ýylky, iki müň sygyr hemem ýigrimi kerwen ekerançylyk gurallaryny peşgeş hökmünde ugratjakdygyny aýtdy. Özem ol Zenjanda maňa iki sany kerwensaraý hem gurup bermek isleýär. Men oňa razylyk berdim.

– Saňa berýärmi? – diýip Altynjan ýantgylap sorady.

– Diňe maňa berýär.

– Bir çöpi bar bolaýmasyn?!

– Menem soradym ondan: «Näme üçin maňa onça zady hedýe  berýärsiň?» diýip. Ol: «Hedýe bet matlap bilen berilmeýär. Kimdir birini sulhuň alsa, gowy görseň, şol kişä peşgeş-hedýe berýärsiň. Allatagala maňa berýär. Menem ýüzünden nur ýagýan adamlara hedýe berýärin» diýdi. «At çapmaz, bagt çapar» diýip eşidipmidiň? Biler bolsaň, men käbir adam ýaly hars urmadym. – Kabyl Anuşirwany göz öňünde tutýan bolmaly. – Kanagatly, sabyrly ýaşadym, şükürli ýaşadym. Gör, Allatagala üstüme getirip berýär!

– Ak ýürekden hedýe berlendigine teý yşanyp bilemok – diýip, Altynjan Kabyla bakdy: – Şindem bir pille, Besasurydan hiç zat alma.

– Hedýeden diňe samsyklar ýüz öwürýär.

Bu sözden soň Altynjan sesini çykarmady.

* * *

**Derýada gämili ýüzüş uzaga çekdi. Olar günortanlygy hem gäminiň üstünde edindiler.**

Garaňky gatlyşyberende Altynjan akgyzlary bilen gämiden düşüp, öňki büweýh döwletiniň köşgüniň bagyna gezelenç etmäge gitdi.

Bagdan çykasyň gelmeýärdi. Bu ýeriň sergin howasy janperwerdi. Altynjan zalym Şetdadyň Erem bagyna gaýry dur diýdirýän bu ümürsin bagyň içinde dähedem-dessem ýöremekden rahatlyk tapýardy. Al-elwan gülleriň ýanyna baryp synlaýardy, olaryň hoşboý müşki-anwar ysy janyňa hoş ýakýardy. Bilbilleriň saýraşýan dilnowaz seslerine diň salýardy. Togrul begiň: «Diňe erkek bilbiller saýraýandyr, mäkiýan bilbiller saýramaýar, wasp etmek, saýramak Taňry tarapyn diňe erkeklere berlendir» diýen sözlerini ýatladýardy.

Altynjanyň yzynda akgyzlary hyzmata gaýym bolup barýardy. Ýöne Altynjan yzyndaky akgyzlarynyň, Seýiddäniň gelýändiginden habarsyz ýalydy. Köpler büweýh döwletiniň Bagdatda Erem bagyny döredenliginden habarsyzdyr. Beýle jenneti bagda gezim etmek her kese ýetdirýän mertebe däldi.

Altynjan Ar-Ratl diýilýän serhowza bardy. Ol ýerde tutum uludandy. Desterhan uludan ýazylypdy, ol üýtgeşik nazy-nygmatlardan doludy.

Hatyn akgyzlarydyr Seýidde bilen serhowzuň başynda oturyp wagtyny dilşatlykda geçirdi, herdürli nazy-nygmatlardan, tagamlardan datdy.

Aýdymçylar olaryň öňünde aýdym aýdýardy. Rakysçy gyzlar süňňi ýok ýaly bolup rakys oýnaýardylar. Ýöne, aýdymlar, rakyslar bu gün, näme üçindir, Altynjanyň göwnüni götermeýärdi, gaýtam, ömrüniň geçip barýandygyny ýadyna salýardy, kalbyna gussa dolýardy.

Altynjan aýdymyň täsirine berlip, begiň geleninem duýman galan eken. Seýidde onuň gulagyna çawuş çakdy:

– Beg gelýär!

Altynjan başyny galdyrsa, eli tesbili Togrul beg gaşynda dur:

– Altynjan, içiň-ä gysýan däldir?!

– Begim, halyfyň gyzy Seýidde içimi gysdyranok. – Altynjan Togrul bege gapdalynda duran hyjaply gyzy görkezdi. – Seýidde gyz jana tenekar sözleri bilen göwünlerimizi göterýär. Bu sahypjemal gyz abyhaýýat suwy ýaly bir gudrat. Hezreti begim, bu mahytaban perizada tomaşa kylyň! Öwlat öwji bar bu gyzda – Altynjan hatyn Seýiddäniň ýüzüniň hyjabyny galdyryp, bege görkezdi.

Seýidde utanjyna gyp-gyzyl boldy. Utanmasy Seýiddäniň garaýagyz ýüzüne gülap suwy berlen deýin ýalkym çaýdy.

Togrul beg birsalym dymyp durdy-da, Altynjana ýüzlendi:

– Altynjan, men Mosula gitmeli boldum: ol ýerde Gutulmyş bilen çözmeli meselelerim bar. Ýöne ýolugra seniň bilen Wasytda iki-üç gün dynç almak isleýärin. Myhman alyp bilerin öýtseň-ä şu gün Wasyta gidip, taýýarlygyňy görüber. Bize ýaranmak saňa aňsad-a düşmez...

Begiň soňky sözüne wezir-wekiller hezil edip gülüşdiler. Altynjan welin, gülmedi, gaýtam ör-gökden geldi. Eşiden sözlerine nähili düşünjegini bilmedi, asyl. Göräýmäge, beg gowy söz aýdan ýaly. Altynjan üçin welin, begiň aýdan sözleri gülküli däldi-de, yzalydy, gynançlydy. Haçandan bäri beg Altynjandan aýry bolupdyr? Näme üçin Altynjan ärini Wasytda myhman hökmünde garşylamaly?!

Togrul beg bir esasy bolmasa hiç bir sözi aýtmaýar. Onuň öwrümi mydama çylşyrymly, aňyrdan! Bu sözi açyk aýtmagynda hökman bir «çöp» bar bolmaly. Ýogsam wezir-wekilleriniň ýanynda oňa beýle resmiligiň geregi näme?

– Altynjan, dymdyň-la?

Begiň garaçyny. Altynjan begiň bu sowalyna näme jogap berjeginem bilmedi:

– Men haçan gideýin, begim?

– Ertir azan bilen ötägit.

– Meniň bilen kim gider?

– Öz adamlaryň bilen gidiber. Wezir-wekiller meniň ýanym bilen bararlar.

Altynjan gyzyl-gyran gülüşýän wezir-wekilleri nazary bilen dalady.

Togrul beg ýene Altynjanyň garaşmadyk perdesinden gopdy:

– Eý, meniň naýyp-menabym, şu gün maňa üýtgeşik bir pöwrize-jowahyr hedýe getirdiler. Beýle nepis zatlaryň gadyryny diňe sen bilýärsiň, şonuň üçinem muny saňa berýärin!

Altynjan öz nägileligini begiň aňandygyny, hut şonuň üçin hem «naýyp-menabym» diýip ýörite ýüzlenendigini, aýalynyň hoşuna geljek peşgeşi ýörite berýändigini aňdy. Bir tokga pöwrize daşyndan edilen monjuga çala nazar aýlan Altynjan Togrul bege göwünli-göwünsiz minnetdarlyk bildirdi.

Bu ne ahwalat boldy? Altynjan ýaňyja Erem bagy, jennet atlandyran ýerinde özüni dowzaha düşen ýaly duýýar-la?!

Adamyň ýüzi-gözi gülüp jennetiň alamatlaryny äşgär eýlese-de, içde dowzahyň harasady gopýar-la?!

Adamyň aamlygyna bakyň: ol Allatagalanyň dowzahdyr jennetini o dünýäde hasaplaýar. Aslynda welin, Haktagala dowzahdyr jenneti bendesiniň içinde ýerleşdiripdir. Adam bu dünýäde öz içinde orun tapan jennetdir dowzahynda ýaşaýan bolarly.

Togrul begiň hatyny bolsaňam, saňa dowzah yrak däl.

Eh, ýarysy gije, ýarysy gündiz dünýä!

Eh, ýarysy ýagşylykly, pazylatly, jennetli, ýarysy hupbatly, dowzahly dünýä!

Bäş günlük ýalançy dünýäňde dowzahyň yrak, jennetiň mekan bolsun!

## On birinji hekaýat

## ÜÇ DUŞUŞYK

### Birinji duşuşyk

Togrul begiň köşgi iki bölekden ybaratdy. Birinji bölek «salamlyk» diýlip atlandyrylýardy. Salamlyk begiň resmi hem resmi däl kabul edişliklerini geçirýän, hökümdarlyk edýän, döwleti dolandyrýan, dynç alýan, ýaşaýan bölegidi.

Ikinji bölek harem, haremhana – enderun diýlip atlandyrylýardy. Haremde begiň hatyny ýaşaýardy. Bu ýere begden başga erkek kişä barmak gadagandy. Beg haremiň kaşaň, owadan bolmagyna aýratyn üns berýärdi.

Togrul begiň durmuşy Altynjanyň ömri bilen doly hem gutarnykly mana gelýärdi, hatyny bolmanlygynda özüni ýarty göwre hasaplaýardy.

Togrul beg durmuşynyň hem içki manysy, hem göwnüniň bezegi, hem ömrüniň guwanjy, hem janynyň goragçysy bolan Altynjany neneň ezizlemesin! Nädip ony haýsydyr başga bir zenan bilen çalyşyb-a däl, deňeşdirip bilsin! Ol näçe gezek Togruly ölümden halas etdi!

Adam şahsyýeti köpgyraňly, onuň her gyraňynda-da aýratyn bir şahs otyr. Iki ynsan arasyndaky hakyky sylag-hormat, ezizlik ol şahslaryň her biriniň öz magşugyndaky şahslarda öz taýyny tapanda, diňe şonda mümkin bolýar. Togrul begdäki berdaşly, kuwwatly erkek kişi hatynyndaky mähirli, näzik zenan bilen utgaşýar. Ondaky haýbatly beg Altynjandaky parasatly nedim bilen tapyşýar. Togrul begdäki ökde hem akylly serkerde Altynjandaky taýsyz esger bilen taýlaşýar.

Togrul beg ýörişe gidende haremini, hazynasyny ýany bilen alyp gidýärdi. Ýöne soňky ýyllar Altynjany köşkde naýyp belläp gidýän gezekleri az bolmaýardy. Bu giden şalygy kimdir biri dolandyrmaly ahyryn! Şalyk welaýatlara, welaýatlar etraplara, etraplar galalara, obalara bölünýärdi. Galalar, obalar etraplara, etraplar welaýatlara garaşlydy. Welaýatlar şalyga hasabat berýärdi. Balhda ýa Horezminde, Jebelde ýa Nyşapurda kiçeňräk metjit, mekdep guruljak ýa ol ýerlerde kimdir biri wezipä göteriljek bolsa, hökman şalyga ýüz tutmaga borçludylar. Şasyz hiç bir mesele çözülmeýärdi. Şonuň üçin köşkde ertirden agşama çenli iş ýeterlik bolýardy. Elbetde, şa, naýyp ýerlerden gelýän arza-şikaýatlara, her bir meselä goşulyşyp ýörmeýärdi. Çünki her bir meseläni çözýän ýörite diwan, ýörite wezir bardy. Her bir weziriň ýolbaşçylyk etmeli ugry anyklaşdyrylandy. Wezirler, gulluklaryň, diwanlaryň sahyplary öz çözüp bilmedik meseleleri bilen patyşa ýa-da baş wezire ýüz tutýardylar. Patyşa ýörişde wagty onuň çözmeli meselelerini naýyp Altynjan ýa-da baş wezir çözýärdi.

Köşkde hyzmat edýän adamlar kändi, olaryň her biriniň anyk etmeli işleri bardy. Köşk emirleri – üstaduddar, salahdar, emiri alem, taştdar, emiri çaşnigir, emiri şikar, emiri ahyr, döwetdar, kyssadar, jamedar[1] Altynjan hatynyň garamagyndady. Olaryň habaryny patyşa wezir ýa-da Altynjan naýyp ýetirip bilýärdi. Ol diwany-hasy-da[2] dolandyrýardy. Togrul beg köşk emirleri bilen seýrek duşýardy. Çünki ol görer gözden çetde bolmaga çalyşýardy. Onuň görünmegi, salamlaşmagy köşk emirleri üçin hem çäksiz uly mertebedi.

Altynjan naýyplyk tagtyna naýyp haladyny geýip çykardy. Başyna sap altyndan ýasalan, gymmatbahaly al-ýaşyl göwherler, jowahyrlar bilen bezelen täjini geýerdi. Sag elinde ujuna altyndan goşa kelleli bürgüdiň ýylan tutup duran şekili ýasalan hasasyny saklap oturardy.

Naýybyň kabul edişligi başlanmaly, gutarmaly wagty takyk kesgitlenendi. Aslynda, köşkde berk tertip-düzgün bardy.

Günde bäş gezek nobat[3] saz çalýardy. Bu nobatlar namaz okamaly wagtyny ýatladýardy. Namaz okamak üçin çalynýan sazlardan başga-da, şanyň zyýapatlarynda, meýlislerinde saz[4] çalnyp, rakys oýnalýardy. Şeýle hem patyşa ýörişe ugramak üçin atyna münjek bolanda dabaraly saz çalynýardy. Şa ýörişlerden geleninde hem nobat bilen garşy alynýardy.

Altynjan käteler sazandalary çagyryp, olaryň sazyny diňlärdi. Ol çaňda, kanunda, sazda, berbadda saz çalyp bilýärdi. Altynjanda saz gurallary kändi. Berbady Togrul bege bir balhly täjir sowgat getiripdi, beg hem ol sowgady hatynyna beripdi.

Kä agşamlar beg Altynjanyň saz çalyp bermegini islärdi. Melike begiň bu islegini höwes bilen bitirerdi. Är-aýalyň gowy görýän aýdymlary bardy. Bu aýdymlary aýtmaga ilki Altynjan başlardy. Özem ol ilki Togrul begiň iň söýgüli aýdymyndan başlardy. Ol aýdym Salyr Gazan hakyndady. Altynjan ikinji bendi aýdyp başlanda Togrul beg dymyp oturyp bilmezdi, Altynjana goşulyp aýdybererdi:

Otuz-kyrk müň leşger birlen Gazan baryp,
Itbejene illerini keldi gyryp,
Birnijesi gutuldylar köp ýalbaryp,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Andan hüner göterdiler barça uly,
Bazylarga orun berdi sagly-solly,
Bizge böldi kamug ilniň orny diňli,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Seýýah Gorkut, öler bolduň imdi, bilgil,
Ol Gazanyň döwletine doga kylgyl,
Kerwen kitdi, köp giç galdyň, ýolga kirgil,

Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Togrul beg bu aýdymdan soň göwni çag-çag bolup «Gorkut ata» boýundan başga bir aýdyma başlardy:

Ýedi başly aždarhaga ýetip bardym,
Haýbatyndan sol gözüm ýaşardy.
«Heý, gözüm, namart gözüm, muhannes gözüm!
Bir ýylandan, näme bar, gorkduň» diýdim.
Onda hem «Ärdirin, begdirin» diýip öwünmedim.
Öwnenleri hoş görmedim...

Togrul beg ýörişde wagty welin, köşkde namazyň nobatyndan başga saz çalynmaýardy.

* * *

Altynjanyň sazy gowy görýändigi üçin, Alparslan birgiden sowgatlar bilen birlikde ýigrimiden gowrak herdürli saz guralyny ugradypdyr. Altynjan şirin janyndan eý görýän, mähir siňdiren mäligi Alparslanyň sowgatlaryny görmek üçin saraýa bardy.

Elli düýä ýüklenen sowgatlar giden meýdany dolduryp durdy.

Altynjan sowgatlary gözden geçirip ýörşüne birden tisginip gitdi: onuň nazary başyny aşak salyp duran düýekeşde saklandy. Düýekeşe uzak seredip durmagy gelşiksiz görüp, sowgatlary gözden geçirmegi dowam etdirdi. Sowgatlary gözden geçirip yzyna dolananda hälki düýekeşiň ýerinde ýoklugy ony has-da geňirgendirdi.

– Hany, şu ýerde duran hälki düýekeş? Nirede ol?

– Häzir taparyn – diýip, kerwenbaşy ikiýana alakjady, ýöne hälki düýekeş edil guýa giren ýalydy, ýokdy.

Altynjan:

– Tapyp, meniň ýanyma getiriň! – diýip, kabulhanasyna gitdi.

Düýekeşi tapmak aňsat düşmedik bolarly, sebäbi ony derrew tapmaga söz berseler-de, garaňky gatlyşyberende getirdiler.

– Melikäm, melikäm! Men günäkär! Näme jeza berseňiz, men razy — diýip, düýekeş içeri girenden Altynjanyň öňünde ýüzin süýnüp ýer ogşamaga başlady, ýetişibildiginden hem samrady.

– Tur ýeriňden! – diýip, Altynjan azmly gürledi. – Hany, bar zady aýt! Bol, bol!

– Melikäm, menden hiç zat soramaň! Öldüriň meni, melikäm!

– Näme etjegimi özüm bilerin, ýöne sen maňa näme üçin bizi – babamy satandygyňy, näme üçin iýen duzuňa kast edendigiňi düşündir.

– Siz maňa, barybir, ynanmarsyňyz, melikäm...

– Çynyňy aýtsaň ynanaryn. Näme üçin şugullyk etdiň?

– Men hiç kime hiç zat şugullamadym, melikäm. Alla kesim-kesim etsin. Men hiç kime hiç zat şugullamadym. Gurhany kerimden ant içýärin!

– Onda näme üçin gaçdyň?

– Maňa Haldan: «Gaç!» diýdi. Men: «Näme üçin?» diýdim. Ol: «Hökümdarymyzy öldürjek bolupdyrlar. Onam senden görýärler. Häzir gaçmasaň, hökümdar seni öldürer. Gaç, başyňy gutar. Sende şaýat ýok. Hiç kim saňa ynanmaz. Hiç kim seni diňlemez» diýdi. Haldan maňa bir ýaby berdi. Men şol ýaby bilenem gaçdym. Şondan bäri görmedigim görde galdy, melikäm.

Altynjan esli salym sesini çykarman oturdy. Soňam:

– Alparslanyň kerwenbaşysyny çagyryň! – diýdi.

Sähel salymdan garagyýçak ýigit içeri girip, ýer öpüp, Altynjana tagzym etdi.

– Alparslan mälige aýdyň, bu düýekeş – Dowguş meniň obadaşym, zamahşarly. Alparslan, goý, bu kişi barada aladalansyn.

– Lepbeý, naýybym!..

Altynjan: «Adam doglan ýerini, it doýan ýerini küýsär» diýlen pähimi hakydasynda aýlady, öz-özüne geň galdy: birmahalky ýigrenen adamyny bu gün ýigrenip bilenok. Dowguş onuň gözüne yssy görünýär. Ol ony öz ýakyn adamy hökmünde duýýar. Onuň kösenmegine ýüregi gyýylýar. Megerem, bir galada önüp-ösüp ulalandygy üçindir?! Mundan iki aý öň ol Haýdar neçjary hem kowup bilmändi ahyryn. Ýogsam

Altynjan ony: «Şerap içýärsiň» diýip öýden kowupdy. Abdylmälik han diňe gyzynyň göwni üçin onuň kowulmagyna garşy çykmandy.

Mundan iki aý öň işigagasy bir owadan sandyk getirdi. Altynjan bu sandygy görenden Haýdaryň ýasandygyny bildi.

– Muny kim berdi?

– Muny bir garry goja size hedýe getirdi.

– Nirede ol?

– Gaýtdy, melikäm!

– Tapyp getiriň!

Haýdar hiç ýere gaýtman eken. Gaýdara ýeri bolmasa nirä gaýtsyn?! Ol daşişikde Altynjandan çakylyga hantama bolup dur eken. Haýdar görgüli bir döwüm tötek tapyp bilmän gedaýçylyk edýändigini aýdyp, gözüne ýaş aýlady. Şondan soň Altynjan ony hansalara[5] kömekçi edip berdi:

– Şu gojanyň kem zady bolmasyn!

## Ikinji duşuşyk

Altynjan naýybyň kabulhanasyna wezir Kundury geldi. Ol içki howsalasyny beýan eýledi:

– Altynjan hatyn, şeýlebir gelşiksiz habar bar welin, men, dogrusy, size nähili beýan etjegimi bilmeýärin.

– Bir adaty bolmadyk habaryň bardygyny men siz içerik äden ilkinji ädimiňizden duýup otyryn. Siz şanyň baş weziri, nähili habar bolsa, ony göni aýdyň.

– Elbetde, ol habar döwlet bilen baglanyşykly bolsa, göni aýdardym…

– Ol habaryňyz meniň bilen baglanyşyklymy?

– Siziň bilen baglanyşykly.

– Näme bolupdyr? – diýip, Altynjan ýerinden nädip turanyny-da duýman galdy. – Anuşirwana bir zat boldumy?

– Men sizi nähak gozgalaňa salýaryn. Hiç kime hiç hili bolan zat ýok, ýönekeý bir il arasynyň myş-myşy ýaly bir zat...

– Eý, wezir, myş-myş habar üçin seniň beýle howsala düşmejekdigiňi men bilýärin-ä.

– Ýaňy meniň ýanyma bir galanyň kutwaly öz muhtasyby bilen geldi. Ol bir garry är-aýalyň siziň dergähiňize gelýändigini habar berdi.

– Bu ýerde näme geň zat bar? Goý, gelsinler.

– Ýa muhtasyp akylyndan azaşypdyr ýa gelýänler jadygöý bolmaly.

– Näme üçin beýle pikir edýärsiň?

– Mundan bir ýyl öň: «Biz Altynjan hatynyň obadaşlary» diýip, bir är-aýal gelipdir. Atlaryny aýdypdyrlar. Bu gün hem: «Biz Altynjan hatynyň obadaşlary» diýip, bir är-aýal gelipdir. Atlaryny aýdypdyr. Muhtasyp: «Mundan bir ýyl öň gelen är-aýalyň atlary bilen şu günki gelen är-aýalyň atlary, berýän gürrüňleri meňzeş – diýýär. – Ýöne olar aýry-aýry adamlar» diýýär. Muhtasyby geň galdyran zat, aýry-aýry är-aýalyň şol bir ady, şol bir wakany bir ýyldan soň gaýtalap durmasy. Men bu ýerde bir jadygöýlük bar bolaýmasyn, olardan size ýamanlyk geläýmesin diýip howatyr edýärin.

– Düşnükli – diýip, Altynjan ýeňil dem aldy. – Arkaýyn bol, olardan maňa ýamanlyk gelmez. Hany olar?

– Kimler?

– Taberek galasynyň kutwaly bilen muhtasyby?

Kundury Altynjana gözlerini petredip seretdi:

– Olar köşkde. Siz olaryň Taberekden gelendiklerini nädip bildiňiz?

Altynjan Amydylmülküň (Kundurynyň) bu sowalyna jogap bermedi: gapydanyna ýüzlendi:

– Kutwal bilen muhtasyp gelsin!

Içerik Taberek galasynyň kutwaly bilen muhtasyby girdi. Olar gapynyň ýanyndan Altynjanyň tagtyna çenli emedekläp gelip, ýer öpüp, tagzym etdiler.

Altynjan naýyp olaryň işlerinden, saklygyndan razydygyny, şonuň üçin hem olaryň ikisine-de müň dinar sylag berýändigini aýtdy. Gelenler beýle sylaga garaşmadyk bolarly, Altynjanyň habaryna çäksiz begendiler.

– Men olaryň aýdýan zatlaryny diňläp, haýran galdym. Bu günki gelenler hakyt mundan bir ýyl öňki gelen är-aýalyň sözlerini gaýtalaýarlar. Bularyň ýöne-möne adamlar däldigini dessine aňdym. Özlerem:

«Biz öň bu jelegaýlara gelemzok. Ilkinji gezek gelýäris» diýip, hakyt ýalan sözleýärler – diýip, muhtasyp janykdy.
Altynjan hatyn muhtasybyň sözüni böldi:
– Muhtasyp, hany, siz aýdyň, meniň atdaşyma – gyzyňyz Altynjana atabeg tapdyňyzmy?
Muhtasyp bu garaşylmadyk sowala wagty bilen jogap bermän mölterilip seretdi durdy.
Altynjan sowalyny gaýtalady.
Sowal ikinji gezek berlende akylyna aýlanan muhtasyp howlukmaç dillendi:
– Tapdym... Täjirleriň birisi ýörite atabeg ugradypdyr...
– Siz gyzyňyza şu aýnany menden sowgat beriň. Goý, ol gowy okasyn – diýip, Altynjan muhtasyba gyralaryna altyn çaýylan kiçeňräk aýnany uzatdy.
Muhtasyp müňbir tagzym bilen sowgat berlen aýnany gursagyna basdy.
– Müň keren Taňryýalkasyn, merhemetli melikäm. Men gyzyma siziň adyňyzy dakdym, onuň siz ýaly mertebeli zenan bolup ýetişmegini isleýärin...
Muhtasyp bilen kutwal Altynjandan gözlerini aýyrman aňkarylyşyp durdylar. Olaryň anygyna ýetmek isleýän käbir zatlary bardy, ýöne göni soramaga aýgyt edip bilenokdylar.
Altynjan kutwala ýüzlendi:
– Olar häzir nirede?
– Biz olary köşge getirdik, olar häzir gapydanyň otagynda siziň emriňize garaşyp otyrlar.
Altynjan kutwaldyr muhtasyby ugradyp, hyzmata gaýym bolup duran gapydanyna ýüzlendi.
– Çagyr olary!
Gapydan baş atyp çykyp gitdi. Sähel salymdan gapyda garry är-aýal peýda boldy. Olar başlaryny aşak egip, titreşip durdylar.
Altynjan olara bakan ýöräp ugrady:
– Kalbyna, joram, mähribanym meniň, bu senmi?!
Megerem, Kalbyna beýle hoş söze garaşmadyk bolarly, biygtyýar seslendi:
– Men-n. Kalbyna…
– Meniň mähriban Kalbynam!..
– Bu men, Altynjan hatyn, Kalbyna men – diýip, bili bükülen hortap zenan özüne bakan ýylgyrjaklap gelýän Altynjan bilen gujaklaşmaga aýgyt edip bilmedi, aşak çöküp, hatynyň aýagyna ýykyldy.
– Tur ahyryn ýeriňden, Kalbyna. Ikimiz jora ahyryn.
– Siz meni unutmansyňyz-a?!
– Men, heý-de, jan ýaly joramy unudarynmy?! Tur ýeriňden. Gel, ikimiz gujaklaşaly!
– Ýok, ýok. Siziň gujaklamagyňyza men mynasyp däl. Men siziň aýagyňyza togap edeýin. Duruň, aýaklaryňyzdan ogşaýyn, Altynjan melikäm!…
– Kalbyna!..
– Men siziň şeýle beýik derejä ýetjegiňizi bilýärdim.
– Seniň dilegleriň bilen men şu derejä ýetdim!.
– Ýok, ýok, siz – beýik hatyn! Juda beýik hatyn. Siz öňem beýikdiňiz, men size guwanýaryn!
– Meniň seni nähili göresimiň gelendigini, seni nähili küýsändigimi bir bilsediň, Kalbyna.
Kalbyna «sene» geçdi:
– Sen, dogrudanam, meni ýatladyňmy, Altynjan?
– Seni biçak göresim geldi meniň – diýip, Altynjan Kalbynanyň ýerinden galmagyna tekge berdi.
Iki jora şapba gujaklaşdy, soňundan gözýaşlaryny saklap bilmän hünibirýan agladylar.
Kalbyna gözüniň ýaşyny sylyp, adamsyna ýüzlendi:
– Görýärsiňizmi, Altynjan meni tanady, meni hakyt gujaklady! Altynjan maňa: «Joram!» diýýär. Siz: «Altynjan bizi kabul etmez, tanamaz» diýdiňiz. Altynjan meni tanady!
Altynjan Gökhuna seretdi, ony synlady, onuň bilen baş atyşyp salamlaşdy:
– Men Gökhuny tanaýaryn. Gökhuny Togrul beg hem tanaýar. Özem Gökhunyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýar. Şamäligiň hyýanatyndan soň Togrul beg siziň geleriňize kän garaşdy. Siz bu ýere geljekdigiňizi üç-dört ýerde aýdypsyňyz ahyryn.
– Wa-weýla, geljekdik, ýöne kabul etmersiňiz öýdüp gorkduk, dogrusy. – Kalbyna gözlerini petredip, bir Gökhuna, birem Altynjana seretdi: – Gökhuny Togrul beg tananok ahyryn?!
– O näme üçin: «Tananok» diýýärsiň? Togrul beg Gökhuny tanaýar. Özem gaty gowy tanaýar, gaty uly hormat goýýar. «Meni seniň bilen duşuşdyran Gökhun ibn Harurdyr» diýýär.
– Hakyt şeýle diýýärmi? – diýip, Gökhun ekezlendi.

– Gökhun, siz maňa: «Togrul beg bilen duşuşmadym» diýdiňiz-ä?
Gökhun müýnli ýylgyrdy:
– Kalbyna, sen menden aýyplaşma. Men saňa öýlenmek üçin şol wagt ýalan sözlemeli bolupdym. Hakykatynda bolsa, Altynjanyň şertinden soň, men gylyç ýa kepen däbini ýüregimde besläp, Togrul beg bilen duşuşdym. Ol maňa düşündi. Soň biz açyk söweşe girdik, iki günläp söweşdik, üçünji gün bolsa, men mugyra geldim.
– Gylyç ýa kepen resimi boýunça söweşen bolsaňyz, ikiňizden biriňiz aman galmaly däl. Siziň ikiňize-de hiç zat bolmandyr. Diýmek, bu ýerde gylyç ýa kepen resimi ýok.
– Kalbyna, sen dogry aýdýarsyň. Şol söweşde biziň ikimizden birimiz amanadymyzy tabşyrmalydyk, ýöne biz özara düşünişdik, soňam resimiň talabyny bozduk. Togrul begiň ýalkawy bilen men diri galdym.
– O nähili ýalkaw? – Kalbyna geňirgendi.
– Wagt geçdi, indi ol zatlary aýdanymyň zeleli ýok – diýip, Gökhun şelaýyn ýylgyrdy.
– Aýt, aýt!
– Men iki günläp gylyçlaşanymdan soň, üçünji gün Togrul bege elimdäki gylyjymy berdim. Ol munuň hikmetini sorady. Şonda men oňa şeýle diýdim: «Seniň bilen iki gün söweşip, men öz ýalňyşyma, seniň Altynjan bilen hakyky serkerde boljakdygyňa düşündim hem anyk pikire geldim. Altynjan maňa däl-de, saňa mynasyp. Ol gyz seniň üçin dörän gyz. Men saňa garalla bolmaýyn. Sen meni öldür-de, Altynjana öýlen» diýdim. Şonda Togrul beg maňa garşy çykdy: «Ýok, men öýlenjek däl. Meniň ömrüm Oguz hanyň gylyç ýa kepen däbine bagyşlanar. Men babam Mykaýylyň, Arslan ýabgu bilen Ýusup ýabgunyň maksadyna ýetýänçäm – Derwezata şalygyny döredýänçäm öýlenmerin. Şonuň üçin maňa hiç hili hatyn gerek däl. Hatyna imrinmek – salgyma imrinmek. Hatyna imrinmek – erkegiň gowşaklygynyň, kämil däldiginiň alamaty. Men özümi hiç bir zada örklemerin» diýdi. Men Togrul bege: «Sen ýalňyşýarsyň! Altynjan saňa maksadyňa ýetmegiň, azatlygyň, erkinligiň üçin gerek. Sen Altynjanyň didaryny bir gezek gör. Ony göreniňden soň pikiriň üýtgemese, ana, şonda şu günki söweşimizi dowam etdireris» diýdim. Meniň bu sözlerime Togrul beg geň galdy, sizi görmäge söz berdi. Şondan alty aý geçenden soň men ýene Togrul begiň ýanyna bardym. Ol meni gujak açyp garşylady, meniň mamladygymy aýtdy, maňa zyýapat berdi, egnime serpaý ýapdy. Biz dogan okaşdyk. Agyr günde birek-birege kömek bermäge ähtleşdik. Men şonda öz hatynymyň Kalbyna bolmalydygyna düşündim.
– Togrul beg maňa bu barada hiç zat aýtmady – diýip, Altynjan dillendi. – Siziň häzirki aýdan zatlaryňyzy – araňyzda bolan bu söweşi Togrul beg maňa öz başdan geçirmesi hökmünde däl-de, Salyr Gazanyň başdan geçirmesi hökmünde gürrüň beripdi. Diýmek, ol waka Salyr Gazan bilen däl-de, ikiňiziň araňyzda bolupdyr-da?!
– Hakykatynda meniň aýdyşym ýaly boldy, melikäm.
Altynjan Kalbynanyň sag elini eline alyp sypady:
– Mähriban doganjygym! Seni görenime nähili begenendigimi bir bilsediň! Meni kerwen-kerwen baýlyk bilenem, başga bir zat bilenem häzirki ýaly hoşnowaz edip, begendirip bolmaz!
– Taberek galasyna owkat edinmek üçin bardyk welin, muhtasyp bize: «Siz mundan bir ýyl öň hem gelipdiňiz» diýip, al-petimizden aldy. Gökhun ikimiz hem oňa öň bu ýere gelmändigimizi şeýle bir janygyp düşündirjek bolýarys welin, ol dikdüşdi, teý, düşünmek islänok. Ol bize: «Siz ýa içaly bolmaly ýa-da jadygöý» diýýär. Heý, bizdenem içaly bolarmy, heý, bizdenem jadygöý bolarmy?!
– Kalbyna, hany, o gürrüňleri aňyňdan aýyr. Iň esasy zat – sen geldiň.
– Men hiç düşünip bilemok. Mundan bir ýyl öň gelen bolsak, onda bu günki duşuşygymyz bir ýyl mundan öň bolardy.
– Siz geljek diýipsiňiz ahyryn.
– Wadaryg-a, geljekdik, ýöne, aýtdym-a, kabul etmersiňiz öýdüp howatyrlandyk. Kim biziň keşbimize girip biler? Hiç akylyma sygdyryp bilemok.
– Kalbyna, şony akylyňa sygdyrmagyň saňa geregi ýa bähbidi barmy?
– Ýok.
– Onda sen o barada pikir hem etme. Zamahşarda sen maňa hyzmat edýärdiň. Bu gün bolsa men saňa hyzmat etjek. Ýörüň!
Kalbyna Altynjanyň yzyna düşüp barşyna içki pikirini ýene daşyna çykardy:
– Teý akylyma sygdyryp bilemok. Mundan bir ýyl öň Gökhun ikimiziň adymyza duwlanyp Taberek galasyna baran züwwük kimkän?
Kalbynanyň sowaly ýene jogapsyz galdy. Altynjan bu sowaly eşiden-de bolsa, jogap bermedi, diňe syrly ýylgyrdy...

## Üçünji duşuşyk

Altynjan soltan Masudyň goldawy bilen Horezmine şa bolan Şamäligi ýadyndan çykarmaýardy, onuň tutulmagyny, jezalandyrylmagyny isleýärdi, bu hakda ýüwürjisi Ybraýyma aýdanda, ol gaty ynamly söz beripdi:

– Allatagalanyň nesip eden bir güni men ol pälazany seniň öňüňde dyza çökererin!

Bu sözi Altynjan şeýlekin bir aýdylan sypaýyçylykly söz hökmünde kabul edipdi, ýöne Ybraýym beren wadasyny unutman eken: özüniň ýakyny Ärdaşy dört müň atly bilen Şamäligiň gözlegine ugradypdyr, ony ele salyp, Altynjanyň öňünde dyza çökermegi tabşyrypdyr.

Şamälik ibn Aly Garagumuň içi bilen Dehistana gaçdy. Ol ýerde hem uzak durmady, çünki Dehistan seljukly döwletine degişlidi. Onuň üç ýüz otuz düýe baýlygy, iki ýüz düýe goş-golamy, ýüzden gowrak jandary bardy. Baran ýerinde oňa şübheli seredýärdiler. Talaňa düşmek howpy-da bardy. Şonuň üçin ol ynamdar ýerde düşlemek isleýärdi. Ol Talese bardy, ýöne ol ýerde ýerläp bilmän Kermana gitdi. Kermanda Çagry begiň uly ogly Gurt häkimlik edýärdi. Şonuň üçin ol bu ýerde-de uzak durman: «Seljuk beglerinden has uzakda gaýgysyz ömür süreýin» diýen niýet bilen Mekrana bardy, Abu Kalyjary hossar tutundy. Ýöne näçe uzaga giden-de bolsa, ol rahatlyk tapyp bilmedi. Togrul beg öz agalyk çägini ýylsaýyn giňeltdi.

Bir ümürli gün Şamälik üstüni basdyrdy. Ärdaş dört müň saý atlysy bilen Horezminden üç ýüz farsah uzaklyga gaçan Şamäligi ýesir aldy[6].

Şamälik özüni halas etmek üçin Ärdaşa ýalbarmak ýalbardy, oňa şirin jany üçin bar zadyny bermegi wada etdi. Ol diňe öz gara başyny soraýardy. Hakykatdan hem ol gara başynyň aman galmagy üçin Ärdaşa ähli baýlygyny bermäge razydy. Gerek diýse, egindäki eşiklerine çenli çykaryp bermäge razydy.

– Eý, dogan, biziň ikimiz hem oguz. Oguz oguza ýamanlyk etmesin. Sen hem maňa ýamanlyk etme. Ynha, meniň baýlyklarym. Bu baýlyklar Horezmin şalygynyň hazynasy, baýlyklary. Sen şu hazynalary, baýlyklary özüňe al-da, meni hem meniň maşgalamy boşat! – diýip, Şamälik Ärdaşyň aýagyna ýykylyp ýalbardy. – Ýanyňda gül ýaly iki ogluň bar eken. Bu baýlyklar seniň ähli neberäňe ýeter.

– Iman baýlykdan beýikdir.

– Baýlykdan beýik zat ýokdur! Sen gyltyma kowalaşýarsyň! Sen meni diňle.

– Gepleme!

– Hiç bolmanda meniň maşgalama, çagalaryma haýpyň gelsin!

Ärdaş jyzasy bilen Şamäligiň ýüzüne batly urdy.

Şamäligiň dişleri döwüldi, agzy gara gana boýaldy. Şondan soň Şamälik ýalbarmady. Çünki sözüniň ýer almajakdygyna göz ýetirdi.

Üç ýüz farsah gaçanyňdan soňam seni tapýan bolsalar, diýmek, ele düşmek Perwerdigäriň ýazgydydyr.

Her bir etmişiňe jogap okamaly dünýä eken bu dünýä!

Şamäligiň hem eden etmişlerine jogap bermeli wagty gelen bolmaly.

Özüňdenem, takdyryňdanam gaçyp gutulyp bolmaýan eken!

Ärdaş Şamäligiň elini arkasyna daňyp, ähli baýlygyny düýä ýükläp, özüni pyýada ýöredip, ezeneginden silteý çekip, Altynjanyň huzuryna alyp geldi.

– Merhemetli melikäm! Ybraýym ynal size Jendiň ozalky emiri Şamälik ibn Alyny huzuryňyza getirmäge söz beren eken. Onuň tabşyrygy bilen Şamäligi ähli engamy, tohum-tiji bilen siziň dergähiňize alyp geldim.

Altynjan garşysynda başyny aşak salyp duran kelte boýly, deşli, inedördül kişini synlady. Ol:

– Meniň gören Şamäligim gaty daýawdy? – diýip, gapdalynda duran Kabyla ýüzlendi.

– Sen ony öň atyň üstünde görensiň. Ol ata münende eýeriň üstüne güdri güpjek goýup oturýardy.

– Boýunyň kelte bolşy ýaly, ömrem kelte bolup çykdy görgüliniň – diýip, Ärdeşir Magmarany gözlerini güldürdi. – «Kelte boýly adamlaryň köpüsi görip bolýar» diýýärler. Bu kişiniň ömrüni kelte eden zat – göripligi.

– Melikäniň öňünde dyza çök! – diýip, haşymlaryň biri Şamäligiň egninden basdy.

– Men hatynlaryň öňünde dyza çökmeýärin.

– Bä, özüňi henizem emirdirin öýdýärsiňmi? Indi seniň gara başyňdan başga hiç zadyň ýog-a! Tumaýak galdyň, tumaýak! – diýip, Ärdeşir Magmarany heşelle kakdy.

– Tumaýak galdyrsaňyzam, menden mertebämi alyp bilmersiňiz. Mertebämi ýitiren günüm özüm özümi öldürerin.

Ärdeşir Magmarany yşarat etdi: Şamäligiň iki ýanynda duran haşymlar ellerindäki jyzalaryny ýerde goýdular-da, emiri zor bilen dyza çökerdiler, soňam ony ýüzin ýatyrdylar.

Şamälik garşylyk görkezjek bolmady. Sebäp güýjüniň pes geljekdigini bilip durdy. Ol kaýyllyk bilen süýnüp ýatdy.

Altynjan näme garaşsa-da, Şamäligiň tutulyp getirilmegine garaşmandy. Onuň tutulyp getirilmegi asla mümkin zat däl ýalydy. Kim ony: «Madýarlaryň (wengerleriň) ýurduna gaçanmyş» diýse, başga biri: «Müsüre aşypdyr» diýipdi. Altynjan üçin iň esasy zat Şamäligiň hökümdarlygynyň ýok edilenligidi. «Şamälik pälinden tapdy» diýip, ol netijä gelipdi. Gör, ol günlerden bäri näçe ýyl geçipdir?! Altynjan şu güne çenli Şamäligi näletläp ýaşady! «Zamahşar gijesi» diýip at alan şol gyrgynçylygy ýatlanda onuň endamynda galpyldy peýda bolýardy.

Bu nejis Altynjanyň mähriban kyblasy Abdylmälik hany, mähriban käbesi Hajar hatyny öldürdi.

Ol Altynjanyň dogany Habyly dardan asdy!

Zamahşarlylardan üç ýüzden gowrak adamy öldürdi. Bäş ýüzden gowrak adamy ýesir edip, gul bazarynda satdy!

Seljuklylaryň bolsa sekiz müň adamsyny öldürdi!

Altynjan: «Elime düşse, Şamäligi düýt-müýt ederin!» öýdýärdi.

Ine, öňünde Şamälik ýatyr.

Onuň janyny jähenneme ýollamak üçin Altynjanyň ýekeje yşaraty ýeterlikdi. Öňki eden hyýanatlaryny az görýän ýaly, ýene gürlänem bolýar: «Men hatynlaryň öňünde dyza çökmeýärin!» diýip.

Gör, ol ýaşan ömründe näçe hyýanatçylyk, näçe wagşyçylyk etdi?! Gör, onuň elinden näçe-näçe bigünä adamlar öldi?! Ine, indem bir tokga et bolup güberilip ýatyr. Tanamaýan adam: «Gowy adamdyr» diýip pikir eder. Ýüzünde wagşylygyň ýekeje peşwerem ýok. Ömrüni hamd-u-senada geçiren takwa ulama meňzeýär. Aldawçy ýüzi bar.

– Melikäm, görene göz edip dardan asalyň! – diýip, Ärdeşir Magmarany janykdy, Şamäligiň böwrüne bat bilen üç-dört gezek depdi. – Munuň eden etmişleri juda kän. Munuň diňe size eden ýamanlyklaram kän. Siziň ýaşan Zamahşar galaňyzy tozdurdy. Siziň hossarlaryňyzy öldürdi. Doganyňyz Habyl jany dardan asdy. Nika toýuňyzy ýasa öwürdi...

– Gerek däl, gerek däl, Ärdeşir, ýatlama! – diýip, Altynjan elini daldalady.

– Wah, munuň size eden ýamanlyklaryny ýatlanymda men çydap bilemok, melikäm.

– Wa neýlete, Ärdeşir. Men saňa düşünýärin... – Altynjan Şamäligiň ýatan ýerine ýakyn geldi. – Tur ýeriňden!

Şamälik garrylyk yh-çoky bilen ýerinden turdy.

– Sen Togrul bege, onuň maşgalasyna, maňa nähili hyýanatlar etdiň! Sen bir heleýiň sözüne gidip, seljuk neberesine ezýet berdiň.

– Seniň üçin ol zenan «bir heleý» bolýanam bolsa, meniň üçin eziz enedir!

– Sen näme üçin aman soramaýarsyň?

– Berilmejek zady diňe çagalar soraýar.

– Melikäm, munuň bilen gürleşip wagt ýitirip durmasaňyzlaň! Ygtyýar berseňiz, men bu nejisi kerçem-kerçem edeýin – diýip, Ärdaş ýataganyny Şamäligiň pökgi garnyna dürtdi.

– Ärdaş hak aýdýar, melikäm! Şu ýelemýüwledi öldürmeli! Özem muny öldürmegi maňa tabşyryň! Munuň ölenini görmesem, men rahat ýaşap bilmerin. Size hyýanat eden nejisiň haky ölümdir!

Şamälik Ärdeşir Magmaranyga tiňkesini dikdi:

– Sen wezirmi?

– Ýok, wezirler diwanynyň naýyby. Ýeri, saňa näme?!

– Sen hökman wezir bolarsyň.

Şamäligiň bu sözi ähli kişini geň galdyrdy. Ärdeşir Magmarany haýsydyr bir syry açylyp barýan ýaly, ýataganynyň ujuny gürleme diýen terzde Şamäligiň agzyna sokdy:

– Maňa seniň hakylyň gerek däl. Eşidýärsiňmi, maňa seniň hakylyň gerek däl!

Altynjan hiç kime hiç zat diýmän gapa bakan ugrady. Onuň karargähden çykyp barýandygyny görüp, duranlar ör-gökden geldiler, biri-biriniň ýüzüne seredişdiler.

– Ýeri, muny näme etmeli? – diýip, Ärdeşir Magmarany Kabyla ýüzlendi.

– Men bu nejisi Mekrandan ähli baýlygy bilen alyp geldim – diýip, Ärdaş elewredi. – Men etmeli işimi etdim: bu nejisi Altynjan hatynyň dergähine tutup getirdim, Ybraýym ynalyň maňa tabşyrygy şeýledi. Indi men näme edeýin muny? Men indi yzyma gaýtjak. Muňa indi özüňiz eýe boluň!

Kabyl Altynjanyň yzyndan ýetdi.

– Altynjan, saklan!
Altynjan Kabylyň ýüzüne soragly bakdy:.
– Ýeri, näme?
– Sen näme üçin soltan Masudyň guýrugyny öldürmäge izin bermeýärsiň?
– Guýrugyny? Köpegiň guýrugynda ýagyň hem güýjüň bolmaýşy ýaly, bu garry guýrukda-da hiç zat ýok. Ol indi hiç kim.
– Ýok, ýok, seniň ýagsyz hem güýçsüz diýýän guýrugyň, erkinlige goýberseň, ýagam tapar, güýjem. Özem öňküsinden bäş beter güýçlener. Dünýäni guýruklar dolandyrýar ahyryn!
Altynjan Kabylyň ýüzüne geňirgenme bilen bakyp, nämedir bir zatlar diýmekçi boldy, ýöne ýuwdundy-da, ýoluny dowam etdirdi:
– Men onuň nädip öldürilse ýerine düşjekdigini bilmeýärin. Oňa nähili jeza berilse-de, bärden gaýtjak ýaly bolup dur. Oňa ýowuzdan ýowuz jeza bermek gerek!
Ärdeşir Magmarany Altynjanyň ýakynyna bardy.
– Ýowuz jezalaryň görnüşleri kän. Isleseňiz, dardan asyp bolar, isleseňiz, falake ýa çambarpeç jezasy bilen öldürip bolar. Başga-da usullar kän, gara ölüm[7] bilenem, gyzyl ölüm bilenem öldürip bolar, ýöne özüm-ä kahdudy gowy görýärin.
– Ol nähili jeza?
– Kahdud usulynda bugdaý samanynyň tüssesine boglup öldü-rilýär, sebäbi tüsseleriň içinde saman tüssesi iň demikdiriji tüsse.
– Ärdeşir, bu nejisiň jezasyny özüň ber. Nädip öldürseň, şeýdip öldür, öldürseň bolýar. Goý, seniň gowy görýän jezaň berilsin!
Altynjanyň bu aýgytly sözünden soň Şamäligi südenekledip alyp gitdiler.
Altynjan onuň yzyndan garap galdy, näme üçindir, Janahyr halwaçy ýadyna düşdi.

## On ikinji hekaýat

## ÝATLAMA – GARRYLYK ALAMATY

Altynjan geçen günlerini köp ýatlaýardy. Ýatlamalar wagt geçdigisaýyn dagtokga üzümi ýaly süýjeýärdi.
Onuň hakydasynda düýpli orun alan belli-belli wakalar bardy.
– Arsahişmesen şäheriniň gündogar bazarynda äpet pili gören pursady hakydasynda dur. Ol: «Pile münjek!» diýip aglapdy, Sadylla bolsa, pilden gorkup aglapdy. Sadylla aglamadyk bolsa, olary pile mündürjekdiler. Şonda bir hatyny jezalandyrypdylar, kellesini çapypdylar. Ol hatynyň kesilen kellesi Altynjanyň duran ýerine togalanyp gelipdi. Altynjan kellesi çapylan hatynyň örülen uzyn saçyny ýylandyr öýdüp gorkupdy. Şol gezekki bazarda bolup geçen ähli wakalar:
– Inisi Habylyň gözüne gylyjyň ujuny sokup, onuň bir gözüni kör eýleýşi;
– Janahyr Geçdekiniň ogluna ok atyp ýaralan pursady;
– «Eprikogullary Hudaýyň gargan neberesi» diýendigi üçin öz deň-duşlarynyň bäşisini urup, hakyt maýyp edişi;
– Gahar edip, kakasynyň otagyny otlaýşy;
– Buruntakly oglanlary uruşlary;
– Tümen beg;
– Tümen begiň ýigrimi halta altyn-kümüş getirip, şebistanda gömen gijesi;
– Tümen begiň öldürilen gijesi;
– Daýysynyň soňky demini sanap ýatyşy;
– Çiltenler bilen Togrul begi öldürmäge gidilişi;
– Togrul beg bilen ilkinji gezek duşuşan pursady;
– Togrul beg bilen sährada gezelenç edişi;
– Toý güni…
Ýada düşýän täsirli wakalar kän. Altynjan ol wakalary ýatlap, gaýtadan pikir eleginden geçirýär...
Şeýle ýatlamalaryň biri-de «Zamahşar gijesinden» soň, Garagumuň içi bilen Merwe baryşlary.

Altynjan hatyn ol günleriň her bir pursadyny, her bir sagadyny dek şu gün bolup geçen waka deýin göz atuwyna getirýärdi.

...On müň atly esgerden galan iki müňe golaý esger «Zamahşar gijesindäki» aýylganç gyrgynçylygy asyl ýatlanokdam. Olar göçgünlidiler, şadyýandylar. Olaryň göçgünliliginden şadyýanlygyndan çen tutsaň, hiç bir gyrgynçylyk bolmadyk ýalydy, olar özara degşip-gülşüp gelýärdiler.

On iki günläp ýol ýöreldi. On ikinji gün Merwe ýakynlaşylandygyny habar berdiler.

Herki zadyň soňy bar. Soňy ýok ýaly bolup görnen Garagumuň hem soňy bar eken.

Garagumuň gyrasyna ýakynlaşylandygyna ähli kişi begenen bolsa, Altynjan gynanmak gynandy. Onuň göwnüne, Garagumuň gutarmagy bilen iki ýyl dört aý on ýedi günläp talwaslap garaşan täze eşreti, täze durmuşy gutaraýjak ýaly duýuldy.

Altynjan bütin ömrüniň ýörişde geçmegine razydy. Wah, ol bütin ömrüniň geçen on iki gününe çalymdaş bolmagyny isleýärdi.

Ol Garagumda üç giňişligiň gujagynda meýmiräpdi.

Şol üç giňişligiň ilkinjisi mähriban adamsy Muhammet Togrul begiň gujagydy. Ol Altynjanyň ýüregine ymgyr giňlik berýärdi. Bu giňişlik Altynjan üçin Erem bagydy. Altynjan bu giňişlikde özüni bagty daş ýarýan zenan hökmünde duýýardy.

Ikinji giňişlik Garagum çölüniň uç-gyraksyzlygydy. Bu uç-gyraksyz giňişlik hem Altynjanyň dar gursagyna giňlik berýärdi.

Üçünji giňişlik – Wagtdy. Giň çölde gaýa-gopuzlyk ýokdy. Wagt – Altynjanyň isleýşi ýaly haýaldy, ýaýaldy. Arkaýyndy, kanagatlydy. Ähli zat, ýok, älem-jahan ukuda ýatan ýalydy.

Altynjan çölüň uç-gyraksyz giňligini, wagtyň ýaýallygyny Muhammet Togrul begde hem görýärdi.

Ol özüni begiň ýanynda iň sylagly, iň bagtly zenan duýýardy. Altynjan: «Durmuş şeýle gowudyr» diýip akylyna-da getirip görmedik bolsa nätjek?! Ýogsam olam-a arzuwlar ummanyna çümüp, hyýalatynda Muhammet Togrul beg bilen köp hadysalary başdan geçiripdi. Hyýalat süýjüdi. Aslynda dünýäde iň süýji zat hyýalat eken. Hyýalat diňe bir süýji däl, ol lezzetli hem eken.

Altynjan toý günündäki gerdegiň işigini ikinji ömrüniň işigi hasaplady.

Ol gerdegiň işiginde nisar dessury birle depesinden gülleri, altyn dinarlary seçelendirip ikinji dünýäge – ikinji zenan ömrüne ädim ädipdi, ýöne bu günde onuň başky dünýäsini ýatladýan ýekeje zadam ýokdy.

Ýekeje zadam!

Wah, gulakhalkasam ýog-a!

Geçen günleri bilen baglanyşykly ähli zatlary gerdegiň içinde galdy.

Altynjanyň gerdekden çykandan soňky ömri ylgawly boljaga meňzeýärdi. Çünki ol gerdekden ylgap çykypdy.

Şondan bärem ýoldady.

Eý, Hudaý, seniň ýaradan gerdun pelegiň biçak giň! Eý-ho, gerdun pelegiň soňy ýog-a.

Garagum Altynjanyň arzuw-telwaslaryndanam uzyn hem giň eken!

Altynjan maksadyna gowşup, on iki günki ýörişde birgiden garaşmadyk sarç pikirleriň üstünden bardy.

Ol ähli zadyň öňki pikir edişi ýaly däldigini çaklady. Garagumuň her bir golunda hökmürowanlyk, düňlelik duýdy. Çöl ümsümliginde, düňleliginde, hökmürowanlygynda Altynjanyň göwnüne bolmasa, Togrul bege nähilidir bir ýakynlyk bardy.

Altynjan bu pelekde Allatagaladan köp zat hantama däldi. Onuň baş küýsegi Togrul bege özüniň adaty zenan däldigini, zenan bolup dünýä inen-de bolsa, hakyky merdana «erkekdigini» durmuşda subut etmekdi. Ol özüne naçar hökmünde seredilmegini asla islemeýärdi. Has anygy, ol özüne naçar hökmünde seredýänleri ýigrenmek ýigrenýärdi.

Altynjan Togrul begiň şa bolmagyna kipaýat bermek isleýärdi. Eger özi kipaýat bermese, bege şa bolmak eýgertmejek ýalydy.

Eger Togrul bege gerek bolsa, pikirlenmezden janyňy bermeli diýen düşünje Altynjanyň aňynda berk orun alypdy. Eýsem näme? Allatagala, rast, Togrul begiň hatyny bolup, ýardamynda durmak üçin – Altynjan özüniň Togrul begiň ýardamynda durmak üçin dünýä inderilendigine berkden-berk ynanýardy – amanat eçilen bolsa, onda buýtar-suýtarlyk nämä gerek?! Allatagalanyň özüni haýsy maksat üçin ýagty ýalança getirendigini bilmegiň özem uly mertebe ahyryn! Altynjan Gorkut atanyň hatynlar hakdaky söhbet bilen başlanýan şadessanyny gowy görýär, onda Ezraýyl Däli Domrulyň janyny harladyp almaga gelende, oňa aýalynyň öz şirin janyny berýändigi baradaky boýy has-da gowy görýär. Gorkut atanyň bu boýuny hakyt özi hakynda aýdylan ýaly duýýar. Ýaşlary bir çene baran ata-ene perzentlerine şirin janlaryny berenok.

Gülçeçek welin, äriniň derdine derman bolmagy özüne mertebe bilýär. Gorkut ata oguz zenanynyň durmuşdaky ornuny düşündirýär: hatyn öz zemin hudaýy üçin, onuň mertebesi, rowaçlygy üçin ýaşamaly. Altynjan bu şadessany gaýtalap-gaýtalap diňläpdi, Gülçeçekde öz keşbini görüpdi. Ýöne Gülçeçek bolmak Altynjany kanagatlandyranokdy.

Ol öz hökümdaryna özüniň kimdigini – başarnygyny görkezmek isleýärdi! Ömrüniň manysyny hem şu isleginiň amalynda görýärdi!

Köp bende özüniň bu ýalançydaky ornuny-ojagyny tapman itiň art aýagyndan suw içip ýör-ä! Altynjan– iň esasy zat – bu dünýä inmesiniň düýp içtymagyna akyl ýetirdi. Öz ykbalynyň, täleýiniň Togrul begiň ýanyndadygyny bildi. Onsoň, heý, ony ezizlemän bolarmy? Altynjan Togrul begi ezizlemegi özüni ezizlemek manysynda düşündi. Onuň başyna melamat gelse, özünden sowa geçmejekdigi köre hasa ahyryn. Togrul begi goramak – öz mertebäňi goramak. Ýöne, Hudaýa şükür, beg goraga, hemaýata mätäç däl. Gaýtam, onuň özi külli musulman ymmatyna howandar.

Altynjanyň öz öňünde goýan maksady bardy: beg, goý, ilkinji ýyllarynda hatynyny towşantüý, naçar hasaplasa hasaplasyn.

Goý, beg ony diňe halallygy hasaplasyn.

Ömür gysga – ýol uzak.

Altynjan durmuşda özüniň naçar däl-de, hakyky merdanadygyny, özem Muhammet Togrul begiň naýyby hem nedimi bolmaga mynasyp merdanadygyny görkezer, subut eder! Hökman subut eder!

Altynjan, ine, şu maksadynyň amaly üçin Alladan pursat hem gaýrat dileýärdi.

Merdi-merdana, «erkek» bolmak küýsegi onda çagalykda galaýjak ýalydy. Bu küýsegiň çagalykda galmagyna Abdylmälik han, atabeg Omar, Hajar hatyn ynanypdy. Altynjanyň özem ynanypdy. Ýöne galman eken.

Galman eken.

Megerem, «erkek» bolmak küýsegi ojaryň ýere kök urşy deýin çuňdan düýp tutandyr?! Ojaryň köküniň ählisini köweläp alyp bolmaýşy deýin, indi Altynjanyň çagalykdan galan küýseginem aňdan doly aýryp bolmajaga meňzeýär. Bu küýseg kesapat getiräýmesin, Altynjan?! Beg beg bolar, ol etjek işini bilýär ahyryn!

Allatagala kimi patyşa götermek islese, Musa beg, Ybraýym beg, Dawut beg deýin dogan hem aga berýär, serkerde berýär, Abdylkasym Buýany, Ahmet Dehistany, Anuşirwan ibn Tümen, Amydylmülk Kundury deýin parasatly wezir berýär, Altynjan ýaly hatyn berýär. Beýigi beýik edýän onuň töweregindäki, gullugyndaky başarjaň adamlary!

Altynjan özüniň Togrul begiň şa bolmagy üçin doglandygyna öňem ynanýardy. Iki ýyl dört aýlap hem bu pikiri gursagynda ezizläpdi. Garagumuň içinde geçiren on iki gününiň içinde pikiriniň hakdygyna hasam açyk göz ýetirdi. Onsoňam Togrul begiň nika gijesi aýdan bäş sargydyna wepaly bolmak aňsat däl ýaly bolup görünse-de, birgiden kynçylyklaryň ýüze çykjakdygyny aňdy.

On iki günüň içinde oýlanara Altynjanda mümkinçilik ýeterlik boldy. Bäş sargydyň dördünjisi barada oýlandy. Şol gije Muhammet Togrul beg bäş sargydynyň diňe dördüsini aýtdy. Altynjan aýdylmadyk sargydyň nämedigini niçesar bilesi gelse-de, begden soramady, diňe amatly pursat dörände soramagy maksat edindi.

* * *

**Togrul beg bilen Altynjan atlaryny ýanaşyk sürýärdiler. Serkerdeler sesýetim yzdan gelýärdi. Ähli atlylar çatynjalaryň hylwaty söhbedine päsgel bermezlige çalyşýardy. Togrul beg sag elini ýokary göterip ýanyna gelmelidigi baradaky yşaraty bermese, hiç kim olara ýakynlaşmaýardy.**

**Yssydan ýa-da ýagyş-ýagmyrdan goranmaly bolanda, Togrul beg hyzmatkärlerine şeýle diýerdi:**

– Siz meniň üstüme saýawan tutjak bolup oturmaň, siz meniň hatynymy yssydan, ýagyşdan-ýagmyrdan, gardan goraň. Saýawanyňyzy onuň üstüne tutuň.

Togrul beg ýörişlerde ilkinji hyzmatyň hatynyna edilmegini hyzmatkärlerinden mydama talap ederdi. Bu talap onuň bütin ömrüne dowam etdi. Begiň bu talabyndan Altynjanyň nähili hatyralanýandygyny duýýardylar.

* * *

Olar gündiz ýol ýöräp, garaňky gatlaşyp ugranda düşleýärdiler, otuz-kyrk adam ýerleşer ýaly uly düşekde ýazylyp-ýaýrap oturýardylar, dynç alýardylar, uklaýardylar.

Ýörişiň ilkinji hepdesinde Altynjan horlanmak horlandy. Nädip horlanmasyn, görgüli?! Garaňky düşenden ýorgana girip ukusyny daňdana çenli almagy öwrenen säherhyz Altynjan asyl gijelerine uky görmese nätsin?! Uzynly gijäni Togrul beg bilen aýşy-eşretde geçiren Altynjan daň atandan ýola düşmeli. Onsoň atyň üstünde uklaman oturmak eýgertmeýärdi. Togrul beg welin, atyň üstünde pinek etmäge-de, ukusyny almaga-da werziş eken. Asyl, ol ata münenden soň islän pursady uka çümüp bilýärdy. Özi süýji ukuda bolsa-da, atyň nirä gelendigini, nähili ahwalatyň ýüze çykandygyny magat bilýärdi. Süýji ukudaka soralan soraga takyk jogap berýärdi, iki müň atly goşuny dolandyrýardy, adamlaryna etmeli işlerini aýdýardy. Togrul begiň bu başarnygy Altynjany haýrana goýdy: bu başarnygy öwrenmäge çalyşdy.

Ähli zadyň başlangyjy kyn. Atyň üstünde irkilmegi däl, uklamagy öwrenmek Altynjana, gör, näçe hupbatlary berdi.

Üç gezek atdan ýykyldy.

Üç gezek!

Şol üç gezegiň ikisinde Togrul beg ukusyndan açylyp, oňa tekge bolmaga ýetişdi.

Birinde welin, ät galdy. Ýogsam beg onuň uklanda atdan ýykylmagyndan ätiýaç edip barýardy.

Altynjanyň aýagy üzeňňide galdy, göwresi aşak gaýtdy. Aýagyny üzeňňiden aýryp bilmän atyň aýaklarynyň arasynda gara heläk boldy. At ony esli aralyga süýräp äkitdi.

– Bolmaly zatlaryň ahyry biri boldy. Şeýdip, ýykylmasaň, atyň üstünde uklamagy öwrenmersiň. Şeýdip, ýene bir gezek ýykylanyňdan soň, atyň üstünde uklamagy öwrenäýmegiň ähtimal. Senden gizlemäýin, men üç gezek atdan ýykyldym. Olaryň birinde at süýredi, üstümden ýöräp, ýaýjygymy döwen gezegem boldy. Baý, heläk boldum, şol gezek! Ýyllar gaty köp zatlary öwretdi.

Altynjan hötjetlik etdi: uklamaly, ýöne indi hüşgärligi saklamaly – atdan ýykylmaly däl.

Ol soň hakykatdan hem atdan ýykylmady.

Allatagala Horezmine sygmadyk Altynjany ýedi yklym sährasyna çykardy. Täze durmuş onuň hyňzap duran kakabaş hyjuwyna kybapdaşdy. Ol giň sährada kanagat tapdy.

Bu durmuş Altynjanyň küýsän durmuşydy. Şonuň üçin ol bu durmuşa tiz öwrenişdi.

Ýöne Togrul beg onuň garaşan perdesinden gopanokdy.

Beg onuň aňynda ýaşaýan Muhammet Togrul begi däldi, ol başga adamdy, başga begdi, geňdi, syrlydy.

Altynjany geň galdyran zat kändi.

Muhammet Togrul begiň toý güni halaýygyň öňünde özüni «Gudaçylyga barlanda görkezen hokgalaryň üçin» diýip gamçylamagy, soňundan gerdekde aýagyna tagzym etmegini islemegi Altynjanyň ýadyndan teý çykanokdy. Ol nika gijesinde Şamäligiň gulamlarynyň eden gyrgynçylygyny hem ýadyndan çykaryp bilenokdy, soň bu hakda Muhammet Togrul bege aýdypdy:

– Şamälik nejisiň eden ýowuzlygy hiç akyla sygar ýaly däl!..

– Şamälik bize juda ýowuz urgy urdy, iň ýakyn adamlarymyzy öldürdi. Biz olaryň hununy Şamälikden hökman alarys, özüni-de ýowuz jezalandyrarys.

– Damagy çalnan, ganlary derýa bolup akan bendeleri hiç unudyp bilemok.

– Sen ol gijäni, ýowuzlyklary ýatlamajak bol. Olar ýaly zatlary aňyňdan çykaryp zyňmagy başarmasaň, Togrul begiň hatyny bolmak saňa juda kyn düşer.

Altynjan Muhammet Togrul begiň bu sözlerini Garagumda geçiren on iki gününiň içinde telim ýola aňynda aýlady, ýöne, barybir, aňyna sygdyryp hem aňyndan aýryp bilmedi. Sekiz müň adamyň ölümine nädip parhsyz bolup biljek?

Togrul beg Jeýhunyň kenarynda sekiz müň esgerden daşgary köp mukdarda baýlygyny goýup gaýtdy. Gör, näçe araba, gör, näçe düýe ýük galdy, ol ýerde? Galan baýlyk üçin Muhammet Togrul begiň tüýem gymyldamady, diňe özüniň biynjalyk edilendigine gaharlandy.

Altynjan Togrul begiň nika gijesindäki rahatlygyny ähli baýlykdan, ähli zatdan ýokarda goýýandygyna düşündi.

Onuň bolşy biçak syrlydy: syrlylygyndan, rahatlygyndan çen tutsaň, ýogalan esgerler direläýjek ýalydy, şeýle hem ýogalan esgerlerinden ýüzlerçe esse köp esger özüne haýsydyr bir depäniň aňyrsynda garaşyp duran ýalydy. Onuň syrlylygy Jeýhunyň kenarynda galdyryp gaýdan baýlyklaryndan ýüzlerçe-müňlerçe esse köp baýlyk hem birki depeden aňyrda goýlan ýalydy.

Wah, Altynjanyň iki ýyl dört aý on ýedi günläp geýmäge dözmän saklan gymmatbaha lagly-göwherlerli egin-eşikleri, şaý-sepleri gerdegiň içinde galdy! Wah, gerdegiň içindäki hataran goýlan sandyklarda dünýäň

baýlygy bardy! Wah, duran ýerlerinden göni gaýtmaly boljagyny bilenliginde, ol hiç bolmanda, Togrul begiň nika güni üçin weziri Ahmet Dehistanydan ugradan şaý-seplerini dakynyp ýa alyp daş çykardy!

– Wah, Altyn gyz, bu dünýäniň zady üçin gyýylma! Nesip bolsa, ýedi yklymyň ähli baýlygy seniňki bolar! Şamälik seniň ol şaý-sepleriňi öz eljagazlary bilen getirip berer, özem ol alan zatlarynyň üstüne-de ýüz esse goşup, öňüňde ýedi bükülip getirip berer. Muny saňa men aýdýaryn. Muny saňa Muhammet bin Mykaýyl bin Seljuk bin Dukak aýdýar. Sabyrly bol. Geregiň altyn şaý-sepi bolsun! Seniň haremiň Zamahşardaky ýaly jaý bolmaz, ýok, ol Käs, Ürgenç şäherlerindäki ýaly, Merwdäki, Nyşapurdaky ýaly, owadandan-owadan köşk bolar. Seniň köşgüň müňläp haşemli bolar.

Togrul begiň ýalan sözlemeýändigine Altynjan ynanýardy, ýöne onuň aýdýan zatlaryna hiç akyl ýetirip , göz öňüne getirip bilenokdy. Ähli zat hyýalaty ýaly duýulýardy. Şeýle-de bolsa, Altynjan begiň aýdýan sözlerine juda ynanasy gelýärdi.

– Eh, Altyn gyz, Altyn gyz, seniň üçin näme gerek bolsa, men gaşymy çytmaryn. Seniň ornuň mydama meniň tagtymyň çep gapdalynda bolar. Sag gapdalymda baş wezirim oturar. Ýöne sen baş wezirimdenem maňa ýakyn bolarsyň. Men külli musulmanlaryň patyşasy bolaryn. Sen bolsa külli musulmanlaryň patyşasynyňam patyşasy bolarsyň.

Erkek kişiler zenanlar üçin hem jennet, hem dowzah.

Jennet bilen dowzahyň aralygy gaty ýakyn: o dünýädäki gyldan inçe Syrat köprüsi barmyş. Ana, şol köpri är bilen aýalyň aralygyndaky köpri bolmaly. Är bilen hatynyň arasynda ýekeje söz bar. Zenanlar şol ýeke sözüň üstünde ýaşaýarlar. Ýeke sözüň üstünde duran zenan adamsynyň ýüzüne seredenden dowzah bilen jennedi saýgarmaly. Ýogsam başyňa dowzahyň inäýmegi ähtimal.

Erkek kişi islän pursady bu ýalançyda jenneti hem dowzahy döredip bilýär.

Erkek – baş, hatyn – boýun.

Altynjan nika gijesinden başlap, Togrul bege iň ýakyn ýardamçy bolmaga çalyşdy, onuň maksadynyň rowaç bolmagynyň ýollaryny gözlemäge başlady. Hajar hatyn hem ilkinji gijeden başlap, äriň bilen nähili gatnaşykda, nähili ýakynlykda bolmalydygyny zynharlap-zynharlap sargap-öwredip goýberipdi.

Altynjan ejesiniň pikirini unamaýardy. Är-hatyn babatda onuň öz pelsepesi bardy.

Ol erkegi – göwre, zenany – göwün hasaplaýardy. Maksada göwre bilen göwnüň birleşen ýagdaýynda ýetip bolýar diýen berk ynanjy bardy.

Göwre bilen göwüniň birleşmesinden bir bitewi adam – hakyky adam emele gelýär. Göwre bilen göwün utgaşyp, sazlaşyp bilen ýagdaýynda islendik maksada ýetip bolar.

Allatagala göwrä çäksiz köp güýç-kuwwat beripdir. Adam şol güýç-kuwwaty nirä, nädip sarp etmelidigini bilenok. Onda gorky bar. Ana, şeýle ýagdaýda göwün göwreden gorkyny aýryp berýär, göwräni bir ugra ugrukdyrýar, galkyndyrýar, ganatlandyrýar. Göwün göwrede ynam döredýär, göwräni ruhlandyrýar.

Özüne ynamy bolan, ruhy galkynan adam gaýduwsyz bolar, maksadyna ýeter.

Altynjan Togrul bege ganat bolmak isleýärdi.

Altynjan Togrul begiň göwni bolmak isleýärdi.

Ol begi her hili bela-beterlerden goramak isleýärdi.

Ol begiň Turana soltan bolmagyny isleýärdi. Onuň bu derejä ýetmegine hemaýat bermek isleýärdi.

Ömrüň manysy – maksadyňa ýetmek. Altynjan maksadyna ýetjekdigine ynanýardy.

* * *

Güýzüň iň soňky günleridi. Howa salkyndy. Gijelerine howa salkyn, çigrek bolýardy. Şeýle-de bolsa, Togrul beg galyň geýinjek bolmaýardy.

Altynjan ähli zatdan beter sowugy halamaýardy, kesellemekden gorkýardy. Howanyň maýyllaşmagyny isleýärdi. Muhammet Togrul begiň islegi welin, onuň isleginiň tersinedi: garyň ýagmagyny isleýärdi.

– Eý, Perwerdigärim! Ýüregim garyňy ýagdyrmagyňy isleýär. It garynyň[1] üstünden aýakýalaň ylgamak isleýärin – diýip, Togrul beg Asmana seredip ellerini galgatdy.

– Gar ýagjaga meňzänok – diýip, Altynjan sargylt bulutly Asmany hyrçyny dişläp synlady.

– Gar ýagar, hökman ýagar! Eý, Taňrym, gar ýagdyr, eý, Taňrym, gar ýagdyr! Gar! Gar ýagdyr!

Togrul begiň isleýşi ýaly boldy.

Biraz wagtdan soň howanyň öwzaýy bozuldy. Günbatar-demirgazykdan kowçum-kowçum sargylt bulutlar müňzeşip geldi.

– Gar ýagjak öýdýän, Hudaýtagala sizi gowy görýär.

– Hudaýtagalanyň meni gowy görýändigine diňe häzir akyl ýetirdiňmi? – diýip, Togrul beg ynamly aýtdy.
Başda uzak ýagman goýarly görnen gar soňundan çynyna tutdy: uzak gije ýagdy. Özem köwsarlap-köwsarlap ýagdy.
– Bu gar ikimize kär etmez – diýip, Togrul düýe ýüňünden edilen ýorgany Altynjanyň üstüne çekdi.
Altynjan ýorganyň aşagynda demikdi, derrew ýorgandan kellesini çykardy.
– Asyl senem ýorgany başyňa büräp ýatyp bileňokmy? – diýip, Togrul beg Altynjany gujaklady.
Togrul beg hem başyny büräp ýatyp bilmeýän eken.
Altynjan akgyzy Gülýüzliniň birmahalky uky baradaky pelsepelerini ýatlady…

* * *

**Uzak** gije ýagan gar daňdan çar ýany ak gara büredi.
– Allatagalanyň adam üçin ýaradan zatlarynyň birinjisi gorky bolmaly. Çaga ene rehminden çykanda-da gorka sataşýarmyş hem gorkup aglaýarmyş. Eger dünýä inen çaga aglamasa, onda ol çaga ölýärmyş. Biler bolsaň, men şu günki ýaly gar ýagan güni dünýä inipdirin. Men dünýä inenimde aglamandyryn. Ölümden alyp galmak – aglatmak üçin meni garyň üstünde ýatyrypdyrlar. Biraz wagtdan soň men jana gelip, ellerimi-aýaklarymy hereketlendirip, aglap başlapdyryn. Seljuk Dukak: «Sen gorky damarsyz dünýä indiň. Gorkusy ýok adam dünýäde iň batyr adamdyr. Gorky damaryň ýoklugy Allatagalanyň islegidir, ol seni dünýäniň soltany etmek isleýändir. Allatagalanyň eradasy seni soltan eýlemek bolsa, nesip bolsa, sen soltan çykarsyň» diýipdi.
– Çagakaňyz aglamadyňyzmy?
– Aglandyryn-la – diýip, Togrul beg uzaklara seretdi: – Dünýä inenimde-hä aglamandyryn.
Altynjan begiň seredip duran tarapyna nazar aýlady. Bir gijede töwerek-daş gara bürenipdir. Howa şeýlebir ýakymlydy, arassady:
– Howanyň gowudygyny!
– Ýör, gideli!
– Nirä?
– Islän tarapyňa gideli. Haýsy tarapa gidesiň gelýär?
– Bilmedim…
Togrul beg Altynjanyň elinden tutup, birki depe aşdy. Goragda duran hamemler olaryň yzyna düşdi.
– Biziň yzymyzdan galyň! – diýip, Togrul beg jandarlara buýurdy. Olar alty-ýedi depe aşyp, kiçeňräk bir oýtakda saklandylar.
Altynjan begden gözüni aýyrmaýardy, çünki beg nämedir bir zadyň kül-külündedi, keýpi kökdi. Düşelgeden aýakýalaňaç gaýdypdy. Hokga ýa ädik geýmek hakda oňa köwüşberdar-da[2], hajyp-da ýatlatmaga het edip bilmändi. Ýatlatsa, ilki bilen, Altynjan ýatlatmalydy. Ol hem sözüniň diňlenmejekdigini bilýärdi, şonuň üçin hem hiç zat diýmändi.
Togrul beg egnine ýelbegeý atan pürejini[3] garyň üstünden ýazdy-da, egnindäki köýnegini hem dyzdanyny çykarmaga durdy.
– Biler bolsaň, Altyn gyz, men bütin ömrüme şu pursada garaşyp ýaşadym... – diýip, Togrul beg göçgünli dillendi.
– Siz üşärsiňiz.
– Üşemezim ýaly, meni öz howruňa çoýmak saňa şertdir.
– Dördünji şertiň nämedigini ahyr bildim.
– O nähili dördünji şert?
– Nika gijesi: «Meniň bäş sany talabymy hergiz unutmagyn» diýip maňa talaplaryňyzy aýdypdyňyz, ýöne olaryň birini aýtmandyňyz. Şondan bäri dördünji talap nämekä diýip ýördüm.
Togrul beg hezil edip güldi.
– Talaplarym ýadyňdamy?
– Elbetde, ýadymda.
– Hany, aýt!
– «Birinji: hiç wagt edenime däl diýme! Ikinji: hiç wagt akyl berjek bolma! Üçünji: hiç wagt bir aýdanymy ikinji gezek gaýtalatma! Dördünji:… Bäşinji: hiç wagt hiç zat sorama!..»
– Dogrudanam, dördünji talabymy aýtmadymmy?
– Aýtmadyňyz.

– Häzirki şertim bäş talaba girenok.
– Onda dördünji talap näme?
– Ony aýdasym gelenok, belki, galan ömrüme-de aýtmaryn. Sebäbi men seni tanaýaryn, ony aýtmaga zerurlyk ýok hasaplaýaryn. Başarsam, saňa diňe gowy zatlary aýtjak.
Beg Altynjany mäkäm gujaklady, soňam ony perejiniň üstünde eda bilen ýatyrdy.
– Sakçylar bize sererderler.
– Bize sereden sakçy kellesinden dynjagyny bilipjik durandyr. Sen o tarapdan gaty arkaýyn bol!
Altynjan oýtakda ilkinji gezek birmahalky küýsän islegine ýetdi: ol Muhammet Togrul begiň gar gatyşykly murtuny oýnady.
– Näme edýärsiň?
– Murtuňyzy oýnaýaryn.
– Onda oýnar ýaly näme bar?
– Murtuňyza gar garyşypdyr. Garyny aýyrjak. Men siziň murtuňyzy goramasam bolmaz-a – diýip, Altynjan begiň murtunyň garlaryny aýyrdy.
Togrul begiň murtundaky gar tozgajyklary Altynjanyň ýüzüne gaçdy. Beg gar tozgalaryny sypap aýyrdy.
Altynjan garaşylmadyk garagolluk etdi: ýatan ýerinden bir penje gar aldy-da, ony begiň ýüzüne sürtdi.
Onuň bu degişmesi begiň hoşuna geldi, gapdal çekildi, soňam «aryny» almak bilen boldy. Onuň niýetini aňan, Altynjan tarsa ýerinden turup gaçdy, beg kowdy. Iki bökende onuň yzyndan ýetip, bilinden gujaklady-da, daşyndan pyrlandyryp aýlady. Altynjanyň hyr berip başy aýlandy, entirekläp garyň üstüne ýykyldy.
Beg Altynjany berk gujaklap, garyň üstünde agnady, birdenem garysyna galyp, hatynyna ýüzlendi:
– Häzir näme isleýärsiň, aýt!
– Aýtjak däl!
– Aýt, aýt!
– Murtuňyzdan ýolmak isleýärin.
– Baryny goparaýjakmy?
– Ýok, ýekejesini. – Altynjan garyň üstünde ýatyşyna pikirini üýtgetdi. – Aý, ýok, hökman däl! Agyrar.
– Agyrsa agyrsyn, hany, çek, ýol! – diýip, Togrul beg ýüzüni Altynjanyň alkymyna eltdi.
– Ýok, ýok, agyrmasyn!
– Toý güni gamçylamda agyrmadymy?
– Agyrdy.
– Sen çydadyň-a.
– Çydadym.
– Indi çydamak gezegi meniňki! Seniňki bilen deňeşdireniňde meniňki hiç zadam däl. Bol, bol!
– Men şeýlekin aýdaýdym.
– Men çynym bilen aýdýaryn, buýurýaryn. Bol!
– Dözemok.
– Döz!
Altynjan garysyna galyp, Togrul begiň murtundan ýeke gyly saýlap, bat bilen çekdi:
– Weýwa, birine derek ikisi gopupdyr.
Murtundan iki gyl ýolnandygy üçinmi ýa başga bir sebäbe görämi, Togrul begiň gözi ýaşardy.
Birdenem garaşylmadyk ahwalat ýüze çykdy: begiň burnundan gan akyp ugrady. Altynjanyň zähresi ýaryldy. Ol begiň burnunyň ganamasyny murtunyň iki gylynyň ýolunmagyndan gördi.
Togrul beg oňa:
– Bu dert mende öňden bar. Sen ganyň akmasyny murtuň iki gylynyň ýolunmasyndandyr öýtme! – diýdi.
Togrul begiň burnunyň ganynyň durmaýanlygy, Altynjanyň göwnüne, murtdan iki gylyň ýolunmagy sebäpli ýalydy. Bu derdiň öňem bardygy hakdaky sözi ol özüniň köşeşmegi üçin tapylan bir söz hasaplady. Aslynda welin, beg hakykaty aýdýardy.
Togrul begiň özem üznüksiz akýan gany saklamagyň aladasy bilendi. Ol boýnuna, maňlaýyna, ýüzüne ýetişibildiginden gar sürtdi. Barybir, ganyň şol bir akyp durşudy. Gan Togrul begiň agzyndan, sag gözünden akmaga başlady. Bu ahwalaty gören Altynjanyň dili tutuldy. Derrew tebip çagyrylyp getirildi.
Begiň ýaşlyk dostlary Mübärek bilen Dürnazary çagyryp getirdiler. Olar begiň burnundan ganyň akýandygyny görüp aljyrap durmadylar, gaty arkaýyn olar. Degişýärler, gülüşýärler.

Olaryň arkaýynlygyny Altynjan halamady.

– Howlugyň-a, gan akyp dur-a!... – diýip, ol biygtyýar janykdy.

– Merhemetli melike, odanma, hiç odanma, bege hiç zat bolmaz. Onuň häzir burnunyň ganamasynyň hikmeti bar – diýip, Mübärek myssa ýylgyrdy.

– Hikmetini bilýärsiňmi? – diýip, Dürnazar Altynjana ýüzlendi.

Altynjan başyny ýaýkady. Dogrusy, bu mahal onuň hikmet diňläsi gelenokdy. Onuň bar pikiri-aladasy begiň burnundan akýan ganyň durzulmagydy. Geň, begiň özem arkaýyn. Ýüzünde birjik-de howatyr-alada ýok.

– Hikmeti ýönekeý onuň: beg bu dünýä Masut soltan ýaly dynç almaga, göwün hoşlamaga däl-de, sogap gazanmaga, göreşmäge geldi. Alla onuň dynç almagyna ýol bermek islänok.

Dürnazar bilen Mübäregiň arkaýyn bolmasynyň sebäbi bu ahwalatyň birinji gezek däldigi üçindi. Olar özleriniň ökdelän işine girişdiler. Begiň burnundan gan akmasy saklandy…

Eý-ho, ol günden bäri, gör, näçe aý, gör, näçe ýyl geçipdir!

Ýadyň üýtgeşik bir häsiýeti bar. Ol käbir möhüm zatlary unudýar, «öçürýär» ýöne käbir wakalary welin, näçe wagt geçse-de, teý ýadyňdan aýrylmaýar. Aýratyn hem ýaşlykda bolan wakalar ýatda galgyç bolýar. Ol wakalar könelmeýär.

Oýtakda Togrul begiň burnunyň gananyndan bäri ýigrimi ýyldan gowrak wagt geçipdir, ýöne ol dek düýn bolan waka ýaly, Altynjan hatynyň hakydasynda oraşan dur.

Altynjan oýtakda bolan wakany, umuman-a, Garagumda geçiren on iki gününi ýatlamakdan çäksiz lezzet alýar. Özem ol waka, köplenç ýola düşülende ýada düşýär.

## On üçünji hekaýat

## SABYR KYLAN GÖGE ÝOL TAPAR

Altynjan özüne teselli bermek maksady bilen Togrul beg bilen baglanyşykly geçen ömür ýoluny, ilkinji nika gijesiniň – Zamahşar gijesiniň aýylganҫlygyny, Garagumda begiň burnunyň ganyny durzup bilmän kösenişlerini, Bagdatda geçen günlerini ýatlamaga çalyşdy, özem telim ýola çalyşdy, ýöne bolmady. Ähli ýatlamalaryň uşlyby soltanyň Wasyt babatda aýdan syrly teklibine sapdy. Altynjan soltanyň sözlerinden many agtardy. Ol her hili ýagşy-ýaman pikirleriň içinden diňe bir pikirde saklandy: soltan hatynyna Wasyt welaýatyny mülk edip berenine – makul, dürs iş edendigine uçursyz begenýär. Onuň Wasytda – birmahalky büweýh, kaku nesilşalyklarynyň soltanlarynyň dynç alan ýerlerinde mähriban hatyny bilen ikiçäk gezelenç edesi, dynç alasy gelýär, ýöne onda dynç almaga wagt bolanok. Ol öň ençe gezek: «Altynjan, gel, bir gün hiç kime aýtman seniň mülküňe gaçyp gideli. Ol ýerde hiç kime görünmän jukguldaşyp ýaşaly. Ynan, soltanat işlerinden halys usurgadym. Dünýäni unudyp dynç alasym, ýatyp-turasym gelýär. Ynansaň, käteler hiç kimi hem göresim gelenok. Ýanymda jandarlar hem bolmasa diýýärin. Oba adamlaryny görenimde olara gözüm gidýär. Olaryň bar aladalary garynlary. Başga hiç hili alada ýok olarda. Ýöne gerdun pelegiň aladasy meniň gerdenimde. Birsydyrgyn ýaşaýyş adamy, hernäçe gowy bolsa-da, irizýän eken. Soltanlyk tagtyna geçenimden, ähli zada ygtyýarym ýetip ugranyndan soň, meniň üçin pelegiň manysy gaçdy. Çünki men öňümde goýan maksadyma, ömrümiň manysyna ýetdim. Öň öňümde garşylyk bardy. Indi meniň bilen darkaş gurup biljek güýç ýok. Adamyň pelekde gyzygyp ýaşamagy üçin öňünde garşylyk bolmaly eken, öňünde güýç bolmaly eken. Özüň pikir edip gör, men nämä ymtylyp ýaşaýyn?! Musahhar kylmagamy? Ýedi yklym biziň tabynlygymyza geçensoň, musahhar kylmagam öňküsi ýaly lezzetli däl. Kim düşünmese-de, meniň içki ahwalatyma sen düşünmeli, Altynjan. Men durmuşymda düýpli bir öwrülişik isleýärin. Men tagtymy Dawudyň ogly Süleýmana bermekçi. Ol akylly, pähimli. Eýýäm ýigrimi ýaşady. Onuň bir kemi bar, ol kemi hem dünýewiliginde, ylma aşa ýykgyn edýänliginde. Onda, arman, patyşalyk däl-de, wezirlik parasady bar. Şeýle-de bolsa, men Alparslany däl-de, Süleýmany tagtymda oturtjak. Ol ikimizi hiç zada mätäç etmez» diýdi.

Altynjan Togrul begde biri-birine asla meňzemeýän iki soltany görýärdi. Ol soltanlaryň her birine Altynjan öz ýanyndan at hem dakypdy.

Birinji soltanyň ady Hökümdardy.

Ikinji soltanyň ady Howandardy.

Altynjan bilen ýürekdeş gürleşýän Howandar soltandy.

Hökümdar tagtynda çep elinde üç altyn peýkam bilen altyn ýaýyny, sag elinde bambuk agajyndan ýasalan, ujuna sap altyndan iki kelleli bürgüdiň ýylan tutan şekilli tugrasy goýlan hasasyny saklap oturmagy gowy görýär. Oňa ýedi yklyma hökmürowan bolmak azlyk edýär. Ol her gün öz goşunbaşylarynyň täze şäherleri, welaýatlary petih edendikleri baradaky habarlaryny diňlemäge howlugýar. Soltan ähli kişiniň özünden gorkmagyny, aýagyna ýykylmagyny, tagzym etmegini isleýär. Onuň panydan alýan ýeke-täk lezzeti – şäherleri, şalyklary, oba-kentleri teshyr kylmak, seljuk türkmenleri diýen adyň äleme dolmagy, teshyr eden şäherlerinde öz adamlaryny emir bellemek. Kätip onuň agzyndan çykan her bir sözi ýazmaly. Ol bolsa kimi haýsy wezipä belleýändigini aýdýar. Hökümdar adamlara näçe hak eçilse, kätip ony dessine hasaba alar. Onsoň perman kitaba giriziler.

Täze ýerleri akyn kylmak üçin ata atlanmak – iň aňrybaş lezzet. Ýoluň alyslygy Hökümdary usurgatmaýar, gaýtam, hökümdar ýoluň alyslygyndan lezzet alýar.

Ýolda ýat-ýat obalaryň, şäherleriň deňinden geçerler:

Hökümdar wezirden sorar:

«Bu oba haýsy oba bolar?»

Weziriň jogaby nagtdyr:

«Bu oba pylan obadyr, soltanym! Bu oba Muhammet Togrul beg soltan bin Mykaýyl bin Dukaka, ýagny size tabyndyr, siziňkidir, hezreti soltanym!»

«Metjitleri barmydyr?»

«Metjitleri bar, hezreti soltanym. Obanyň adamlary her juma güni üýşüşip, siziň adyňyza hutba[1] okaýarlar».

Hökümdar her söweşden soň oljalary görmäge geler. Eger oljalar az bolsa, onda derrew gider, emma kän bolsa, onda hökman oljalaryň ýanynda oturar. Käbir oljalary elleşdirip görer, synlar. Dinarlary howlukman sanap çykar, ýöne näçedigini aýtmaz.

«Ähli olja alnan zatlaryň atlaryny hem sanyny şu gün maňa ýazmaça eltip beriň!» diýip, hökümdar buýruk berer. Soňam gitmez, öz adamlarynyň oljalary hasaba alşyna syn eder, olara düzedişler girizer. Her bir olja paýlaşygynda oljanyň soltanyň paýy – hums hakda ýanyndakylara ýatladar.

Hökümdar – rehimsiz, gazaply, haýbatly, gaharly. Onuň gazabyndan, gaharyndan Hudaý saklasyn! Gahary gelse, ol seni kerçem-kerçem eder. Altynjan begiň gazabyny görende käteler Omar atabegiň ýunanlardaky kentawr hakdaky gürrüňini ýatlaýar: «Kentawryň ýarpy göwresi – bilinden ýokarysy adamyňky, galan göwresi, bilinden aşagy atyňky. Kentawr – hökümdar. Kentawryň ýarpy göwresiniň atyňky, galan ýarpy göwresiniň adamky bolmasynyň hikmeti bar. Ol hikmet şeýle: sap adamkärçilik bilen hökümdarlyk edip bolmaýar. Hökümdar käte ýyrtyjy deýin gazaply bolmaly, käte adam bolmaly. Hökümdaryň ýyrtyjylygy ýeterlik bolmasa, ony derrew tagtyndan aýyrýarlar». Altynjan ýunan rowaýatlaryndaky pähimiň dogrudygyna geçen ýyllaryň içinde telim ýola göz ýetirdi. Hut şonuň üçin hem ol Hökümdary kentawryň ýyrtyjy bölegi, galan bölegin em Adam – Howandar hasaplaýardy.

Howandar – duýguçyl, arzuwçyl hem rehimgöý. Altynjan hatynyň ýanyna birinji däl-de, köplenç ikinji Howandar soltan gelýär. Ikinji soltan Altynjany söýýär, oňa ýüregini açýar. Onuň göwnüni awlamaga çalyşýar, hoşuna geläýjek, göwnüni göteräýjek sözleri aýtmakdan, gaýtalamakdan ýadamaýar. Özem ol bu sözleri diňe bir Altynjanyň göwnüni götermegiň hatyrasyna däl, ýok, gara çyny bilen aýdýar. Ol Altynjan bilen mydama bile bolmak, onuň bilen gülüşmek, dynç almak, ömür sürmek isleýär, onuň bilen dünýäni aýlanyp çykmak isleýär. Eger: «Täzeden ömür berjek, nähili ykbal gerek?!» diýseler, Howandar şonda diýjek sözlerini Altynjanyň ýanynda telim ýola gaýtalady: «Eý, Allatagala, men bir parahat, bag-bakjaly obada mülkdar bolup, Altynjan bilen ýaşamak isleýärin. Maňa köp baýlygam, köp mülkem gerek däl. Altynjanyň jany sag bolsa, men bu gerdun pelekde eşret taparyn». Howandaryň şahyr ýüregi bar, ol bir görseň, sähel zat üçin gözýaş hem döküp otyrandyr. Emma Hökümdary welin, eger-eger agladyp bilmersiň. Hökümdar Altynjan bilen onçakly ysnyşmak islemeýär. Ol sähel zat üçin Altynjany düýt-müýt etmekdenem gaýtjak däl. Oňa Altynjan gerek. Sebäbi ol köp zatlary öňünden duýýar, bilýär. Onuň aýdany dogry çykýar. Soltan, gör, birnäçe gezek Altynjan naýybynyň garşysyna gitdi. Ýöne hatynynyň garşysyna giden gezekleri onuňky paşmady. Ähli zat Altynjan naýybynyň aýdyşy ýaly bolup çykdy. Hökümdar hiç akyl ýetirip bilenok: näme üçin soltanyň, wezirleriň, emirleriň pikirleri ters, Altynjan naýybyň pikiri dürs çykýar?! Öňünden görüp gelen bolaýmasyn?! Hatynlar şeýtandan dörän. Olardan herki zat çykar. Altynjan bir hokga edýän bolaýmasyn?! Hökümdar öz naýybyna şübheli garaýar. Oňa o diýen ynanmaýar, has anygy, ynanmak islemeýär. Ýöne ynanmaga mejbur bolýar. Ine, şunuň üçinem Hökümdar gaharlanýar. Ýöne, arman, gahar

bilen iş bitenok. Ol hakykaty islese-islemese boýun almaga mejbur bolýar! «Altynjan, sen bilgiç!» diýip boýun alýar. Mejbur! Hyrçyny dişleýär. Her edip, hesip edip ondan ökde bolmaga çalyşýar. Ol özüniňkiniň dürs, Altynjanyňkynyň ters bolmagyny isleýär. Halysalla isleýär. Arman, bolanok.

Altynjan hatyn adamsynda haçan haýsy soltanyň hökümdarlyk edýändigini gaty aňsat anyklaýardy. Onuň üçin Howandar bilen Hökümdary parhlandyrmak kyn däldi. Sebäbi olar biri-birinden görnetin parhlanýardylar. Mysal üçin, Hökümdar hiç wagt ýylgyrmaýardy. Howandaryň ýüzünden bolsa mydama nur ýagýardy.

Hökümdar bilen Howandaryň arasynda ýylgaý darkaş gidýärdi. Darkaşlarda, köplenç Hökümdar rüstem gelýärdi.

Altynjan, has dogrusy, Howandaryň gujagyndady, Hökümdaryň bolsa kölegesindedi. Allatagala Hökümdaryň ynsansöýerligini, mähir-muhabbetini, ýukaýürekligini, musulmanlar, ili baradaky aladalaryny raýatlaryna ýetirmegi üçin Altynjany ýörite ýaradan ýalydy. Hökümdaryň adamlara bolan ynsansöýerligi, gadyr-hormaty zenanyň üsti bilen aňladylansoň, ol ynsansöýerlik, gadyr-hormat has ýakymly, has mähirli duýulýardy. Çünki zenan – gözelligiň jana gelmesi. Gözellik bolsa diňe, bary-ýogy owadanlyk, daşky ýalpyldy däl. Owadanlyga gözüň gidýär, emma mähriň gitmegi üçin owadanlyk ýeterlik däl, mähir üçin ýylylyk, yssylyk gerek. Bular diňe janlylygyň, diriligiň, çyn ýaşaýşyň barlygynda mümkin bolýar. Ynsana dirilik üçin nämeler gerek?! Ynsana bagt üçin nämeler gerek?! Ynsana ynsan bolmak üçin nämeler gerek?!

Ilki bilen mähir gerek! Mähir! Mähir owadanlyk däl, owadanlygyň dirilige hem ömre gönüden-göni dahyly ýok. Jansyz zatlaram gaty owadan bolup bilýär. Altynda ölüm sowuklygy bar. Gözellik daşky däl, içki barlyk. Içde bolsa jan bar, dirilik bar, ýaşaýyş bar.

Belki, bu hakykatdan ötri, Togrul begiň hatynynyň ady-da ýöne Altyn däl-de, Altynjandyr! Altyn hem jan! Içi janly owadanlyk, gözellik! Gözellik özünde owadanlyk bile diriligi, owadanlyk bile mähri, owadanlyk bile ynsansöýerligi, owadanlyk bile ahlagy birleşdirýär! Şonuň üçinem adamlar gözelligi ähli gowulyklardan belentde goýýarlar, owadanlyga şübheli garaýan ynsan gözelligiň muşdagy. Gözellik diňe owadanlyk däl, eýse ahlak, söýgi, mähir, adalat ýaly närselerdenem ýokarda durýar, has dogrusy, ol bularyň barynyň jemi hem belent derejesi...

* * *

**Altynjan** Wasytdan emir Sadyllany tapmady. Onuň nirä çykyp gidenini-de hiç kim anyk aýdyp bilmedi.

Emiriň ýoklugy Altynjanyň gaharyny getirdi, dumly-duşa atly gönderdi.

– Sadyllany tapyp getiriň!

Emir ýarygije geldi. Ol Altynjan hatyny tanamady, sebäp ol aşa serhoşdy. Birmahalky mollaçyr adamyň serhoşlygy Altynjan üçin geňdi. Juda geňdi.

Soltanyň geljekdigi hakdaky habary eşiden Sadyllanyň beren jogaby Altynjany has howsala saldy:

– Men Sadylla bin Abdylmälik. Meniň kunýam[2] Sabdylla ibn Abdylmälik ibn Bugrajyk ibn Abdal Eprikli. Meniň nesebim beýikdir, beýik. Men öz giýewime hyzmat etmelimi? Türkmen giýewe hyzmat edenden ýatyp ölenini ybaly görýändir. Namys – ömürden gymmatlydyr. Giýewiň eline suw akytmak bolsa namysdyr.

– Äh, damulla, damulla, akyly gysganyň dili uzyn bolar eken.

– Togrul giýew gelse, meniň elime suw akytsyn. Ol arap dilini bilenok. Men bilýärin. Ol ýunan dilini bilenok, men bilýärin. Men ondan köp bilýärin. Altynjan, men seniň äriňden köp bilýärin. Jürjaniýanyň baş medresesinde meniň abraýym uludy. Ol ýerde meniň howlym galdy. Dükanlarym galdy. Bu ýere men diňe seniň üçin geldim. Ýalbaryp duranyňdan soň geldim. Ýogsam geljek däldim.

Ertir Sadylla Altynjany görüp ýylgyrjaklady. Öten agşamky aýdan sözleriniň birinem bilenok ol. Ör-gökden gelýär. Ulugyz deý sülmüräp otyr. Näme etmeli bolsa, ýumşa taýýar.

Altynjan daň bilen emiri bazara soltan hem wezir-wekiller üçin täze ýorgan-düşek satyn almaga ugratdy, soltanyň, wezir-wekilleriň boljak otaglarynyň syrylyp-süpürilişine, bezelişine özi gözegçilik etdi. Hyzmatkärleriň käbiriniň eden işlerini makul görmän, täzeden etdirdi.

Eti boldan bolsun diýen pikir bilen on-on bäş süri dowary soýuma taýýarlamak üçin geňeş geçirdi. Golaý-goltum obalaryň kethudalaryny ýanyna çagyrdy. Olara tapyp getirmeli zatlaryny birin-birin düşündirdi.

Kabyl Altynjanyň tutumyna kes-kelläm garşy çykdy:

– Altynjan, sen näme üçin oda-köze düşýärsiň? Näme üçin köp çykdajy edýärsiň? Hiç hili çykdajy etme!

– Soltanyň tabşyrygy şeýle…

– Ol gelmez!

– O näme üçin gelmez, geler!

– Men saňa açyk aýdýaryn, soltan gelmez! Hiç hili çykdajy etme!

– Näme üçun beýle diýýärsiň?

– Diňe sen däl, men hem bilgiç, Altynjan. Seniň maňa gözüň öwrenişipdir – diýip, Kabyl pökgerip duran garnyny titredip güldi.

Kabyl Altynjana nämedir bir zatlar aýtmakçy boldy, ýöne ony hatyn diňlemedi.

Altynjan Bagdatdan bir menzil alyslykda soltan goşunlarynyň gelýändigini görüp, öňünden özüne habar bermekleri üçin iki ýüz atly çapar goýdy. Ol atlylar soltanyň goşunynyň gelýändigini gördükleri köşge bakan atlaryny ýüzin salyp gaýdyp Altynjan hatyna habar bermelidiler.

Altynjan hatynyň göwnüne soltan günortan geläýjek ýalydy. Sebäp, bir ýerik gitjek diýensoň, soltan uzak güýmenmegi halamaýardy.

Ýöne bellenilen wagty soltan gelmedi. Altynjan köşkde irikgä bolup oturmazlyk üçin ata atlanyp, çaparlaryň garaşýan ýerine ugrady. Her depeden aňyrda soltanyň goşuny görünäýjek ýaly bolup duýuldy, ýöne soltanyň goşuny görünmedi.

Altynjan hatyn hiç kim bilen gürleşmän, Howandara garaşmaga başlady.

Garaşdy.

Zenan ömri – garaşmak.

Garaňky düşdi.

Garaşdy.

Ýarygije boldy.

Garaşdy.

Altynjan Wasyta dolanmady. Eger Wasyta dolansa, soltan geläýjek, «Bir gije garaşyp bilmediňmi?» diýip, nägile bolaýjak ýalydy. Ýeri, şonda Altynjan oňa näme diýip jogap bersin?

At ýylgaý dik durup uklaýar.

Altynjan şol gijäni aty deýin dik durup geçirdi.

Gije çirim etmän garaşdy.

Ol çaparlaryň gezekleşip uklamaklaryna izin berdi, ýöne özüne bermedi.

Zenanlar çydamly. Altynjan hem çydar. Ol-a bir gije eken, bäş-alty gijäniň ukusyzlygyna-da çydar, ol.

– Soltan düýn ýola düşen däldir. Bir möhüm işi çykyp galandyr – diýip, hatyn öz-özüne, ýanyndakylara teselli bermäge çalyşdy.

Şol günüň ertesem soltan gelmedi.

Şol günüň birigüni hem soltan gelmedi.

Üç gününi Wasytdan bir menzil alysda, soltana garaşyp geçiren Altynjan lapykeç halda Wasyta dolandy.

Bagdada ýüz sany atly ugratdy:

– Soltanyň Bagdatdan haçan Wasyta ugrajakdygyny anyklap geliň!

Gidenler uzak garaşdyrman dolanyp geldi.

– Soltan mundan dört gün öň ähli goşuny bilen Bagdatdan çykypdyr. Olar başda Wasyta ugrapdyrlar. Nehrewana[3] gelibem ýollaryny üýtgedipdirler. Nehrewanyň deňine ýetilende Nyşapurdan çapar möhüm habar getiripdir. Soltana hyzmat eden gulamlardan soradyk, olar: «Soltan gyssagly ýagdaýda Nyşapura gitmeli boldy» diýip jogap berdiler.

– «Soltan gyssagly ýagdaýda Nyşapura gitmeli boldy» diýdilermi? Şeýledir-le!.. — diýip, Altynjan wezir-wekillerine eşitdirmek üçin sesine biraz bat berdi. Soňam: «Hökümdar rüstem gelipdir-ow» diýip pyşyrdady.

Altynjan atlylarynyň öňüni çekip, Wasyta bakan ýola düşdi. Gapdalynda Sadylla emir bilen Kabyl barýardy. Kabyl hiç bir zady myzaýyk etmän barsa-da, Sadyllanyň howsalasy ýetikdi. Ol Altynjana nämedir bir zatlary aýtmakçy bolýardy, ýöne gürrüňe nähili başlajagyny bilmän kösenýärdi. Altynjan onuň howsalasyny duýmadykdan bolýardy, öz aladalaryna gümrady, bütin ömrüne özüniň hatyndygyna gynanyşy ýaly, häzirem şol pikirine berlipdi.

Altynjan soltanyň geljegine ynanypdy. Ynanyp, derejeläp garşylamak üçin yhlas bilen taýýarlyk görüpdi.

Ol gije ýatman at üstünde oturyp garaşdy.
Soltan gelmedi.
Äri gelmedi.
Altynjan bütin ömrüni soltana garaşyp geçirdi.
Altynjan bütin ömrüni soltana garaşyp garrady.
Altynjanyň gözleriniň röwşeni soltanyň ýolunda galdy.
Altynjanyň diňe gözleri däl, ömri hem soltanyň ýolunda galdy.
Altynjan ýalňyz galdy.
Ýeke özi galdy.
Muhammet Togrul soltan Altynjany ýaşlykda bir altyn teblä kökerdi.
Melike bütin ömrüni şol altyn tebläniň hatyrasyna bagyş eýledi.
Ol altyn teble – Howandar soltanyň imrikdiriji sözleridi, talwaslarydy.

Howandar soltan gar ýagan günleriň birinde hatynyny Reý jülgesine alyp çykypdy. Şonda özüniň altyn teblesini – Altynjana bütin ömrüne güýç beren sözüni aýdypdy. Ol döwlet işinden ýadaýandygyny, hatyny bilen bir oba gaçyp gidip, bütin ömrüni şol ýerde ikiçäk geçirmek isleýändigini, bu dünýäde özüne Altynjandan özge ýegana razdaryň gerek däldigini, ony biçak hatyralaýandygyny, ezizleýändigini aýdypdy. Ikiçäk dynç almagy, hylwatda bolmagy Howandar soltan her ýyl birki gezek ýatlaýardy.

Altynjan ol sözleri harpma-harp ýatdan bilýärdi. Ol şol sözlere jadylanypdy, dogrusy, ol sözler oňa gujur-gaýrat berýärdi, güýç berýärdi. Ertirki gününe umyt berýärdi. Altynjan adamsynyň şol isleýän ikiçäk hylwaty ýaşaýşyna garaşýardy. Ol Wasytda şol islän, garaşan gününe ýetäýjek ýalydy, ýanyndan: «Şol garaşan günlerim ahyryl-ahyr geldi» diýip, içini gepledipdi.

Arman, gelmän eken.
Sadylla içki howsalasyny daşyna çykardy:
– Altynjan, indi nähili bolarka? Indi bar zadyň gutardygymy?
– «Bar zat» diýýäniňe nämeler girýär, düşünmedim men? – diýip, Altynjan Sadyllany ilkinji gezek görýän ýaly synlady. – Näme diýmekçi bolýarsyň? Açyk gürle, damulla!
– Sen gaharlanma, uýam.
– Men gaharlanmaýaryn. Saňa düşünmekçi bolýaryn.
– Düşünmez ýaly näme bar bu ýerde. Indi biz Wasytdan kowulýarysmy?
– Biz näme üçin Wasytdan kowulmaly?
– Özüň bilýärsiň onuň sebäbini.
– Bilsem soramazdym.
– Ýalňyşmasam, indi Wasyty bizden alarlar.
– Damulla, Wasyt maňa mülk berildi, özem ony Togrul soltan berdi. Ony bizden kim alyp biler?
– Beren adam alybam biler.
– Togrul soltan hedýe beren zadyny yzyna almaýar. Onsoňam men soltanyň hatyny.
– Haý, Altynjan, meniň jynym bir erbetligiň ýakynlaşyp gelýändigini aňýar.
– Seniň dowulçy jynyň bar, ol seni mydama aldaýar. Sen şol dowulçy jynyňa ynanma.
– Sen bizi köşeşdirjek bolýarsyň. Bir erbetligiň boljagyny özüňem aňyp-bilip dursuň, ýöne sen ony bizden ýaşyrýarsyň. Sen bizden hiç bir zat ýaşyrma, Altynjan. Belki, gaçarys?
– Nirä?
– Pars welaýatyna gaçaly, ol ýerde meniň gowy täjir dostlarym bar.
– Men-ä hiç ýerigem gaçjak däl. Seniňem gaýa-gopuz ýok ýerden basga düşmegiňi islemeýärin. Annaplar[4] bilen aşnalygyňy kes, ýogsam jynyň mydama mojuk zatlary habar berer.
– Damulla, sen galawut etme! Ähli zat düzüw. Soltanyň gelmejekdigini men öňden bilýärdim – diýip, Kabyl syrly ýylgyrdy.
Sadylla bilen Altynjan Kabyla geňirgenme bilen seretdiler.
Kabyl ýylgyrjaklap, goltugyndan bir bukja çykardy-da, Altynjana uzatdy.
– Bu näme?
– Bu Togrul soltanyň saňa ýazan haty. Soltan bu haty maňa Bagdatda nahanlykda berdi. «Bu hat hakda hiç kim bilmesin – diýdi. – Goý, ähli kişi: «Togrul soltan Wasyta dynç almaga barýar» diýip pikir etsin». Bäş günden soň bu haty Altynjana gowşur. Goý, ol menden Wasyta barmandygym üçin öýke etmesin. Şeýle etmek zerurlygy döredi.
Altynjan haty eline alyp, Kabylyň üstüne azgyryldy:
– Näme üçin maňa duýdurmadyň? Sen meniň nähili kösenendigimi gördüň ahyryn!

– Altynjan, sen menden gaty görme. Men soltanyň nahan tabşyrygyny peçan etsem bolmaz-a!.. Men saňa ýaňzytjak boldum, ýöne sen meni diňlemediň.

– Nädip dözdüň?..

– Soltanyň tabşyrygy şeýle boldy, Altynjan. Sen çydamly ahyryn! Togrul beg: «Soltan Wasyta barýar» diýip myş-myş ýaýratdy. Bagdatdan hem Wasyta diýip çykdy, ýolda birden ugry üýtgetdi: Nyşapura gitdi. Sebäbi Nyşapurda talaňçy bazbozarlar jemlenip, maksat şolary güpbasdy etmek, ýok etmek.

## On dördünji hekaýat

## GEÇEN GÖRÜNMEZ

Altynjan welaýata aýlanyp çykmaga ýola düşdi, ýöne ol köp ýere aýlanyp bilmedi. Çünki ol baran ýeriniň adamlary bilen ylla çagalykdan bäri ýürekdeş gatnaşyp ýören ýaly, şeýlebir razdarlyga başlady welin, razdarlyk, gürrüňdeşlik gutarar ýerde gutarmady. Şeýdibem uzynly güni bir obada geçirip, asyl, ol obanyň hem birki adamy bilen gürleşip, şol ýerde daňy atarmaly boldy.

Altynjanyň gelendigini eşidip, ony uzakdan hem bolsa synlamak, oňa tagzym etmek üçin goňşy obalardanam adamlar üýşüp gelýärdiler. Altynjan ol gelýänler bilen açyk göwünden söhbet etdi.

Her gün ýüz gazan atarypsadaka berdi.

Adamlar onuň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny dileg etdiler, ýöne Allatagalanyň kysmaty olaryň dileginden hem rüstem geldi. Altynjanyň bagyr agyrysy tutdy. Yza Altynjanyň başyny aýlap, gözünden buýur-buýur gözýaş seçeledip, janyny alyp barýardy.

Altynjan özüne zor salyp çydajak bolýardy, ýöne yza gün-günden beterine tutýardy. Ol bu derdini ýigrenýärdi, sebäbi derdi Togrul begiň mundan ýigrimi ýyl owal Sarahsda talak bermegine sebäp bolupdy. Bu dert onda Sarahsyň eteginde gaznalylardan galypdy.

Bagrynyň üstünden sünjülen gönder ömür aýrylmajak dert döretdi. Hernäçe em edilse-de ol aýrylmady.

Altynjan: «Ýaram bitişdi gitdi, agyrýan ýerim ýok» diýip, Togrul begi ynandyrdy. Ýaranyň ýüzi, dogrudanam, bitipdi, ýöne bar dert içdedi. Ony bolsa özünden başga hiç kim bilenokdy.

Ol dert soňky günler, biwazy oglan kimin içde rahat ýatmak islänokdy, özüne üns çekjek bolup, azar ýamanyny berýärdi.

Altynjan adamlar bilen gürleşmekden özüne tenekar gözleýärdi. Ömrüni şu adamlaryň arasynda geçirmegi höwes edýärdi.

– Ýör, köşge gaýdaly, özüňe jebir etme – diýip, Sadylla Altynjana ýüzlendi.

– Sen entek meniň guryan medresämi-de göreňok. Nesip bolsa, meniň medresäm Gündogarda iň meşhur medrese bolar. Oňa müderrisi özüm saýlajak.

Kabyl bu pikiri oňlady, ol Altynjanyň welaýata aýlanmak pikirine-de kes-kelläm garşy çykypdy:

– Sadylla dogry aýdýar, Altynjan. Gideli. Onuň guryan medresesini gör. Ol welaýatyň ähli şäherinde, kendinde mekdep gurmak isleýär. Ýene on ýyldan Wasyt welaýaty ylmyň merkezi bolar. Seniň bar gazanjyň medrese-mekdep gurmaga sarp boljak. Keremli enaýat, haýyr-yhsan babatda damulla senden öňe düşjek.

– Gazanjymyz keremli enaýata ýarasa armanym ýok, Kabyl.

– Wa-weýla, Sadyllanyň enaýatyndan saňa kipaýat ýok. Saglygyňy myzaýyk etmeseň, bir gün – men dogrymy aýdýaryn – ölersiň.

– Ýok, ýok, yza häzir aýrylar – diýip, Altynjan tekepbirlik etdi.

– Altynjan, men saňa düşünemok. Sen näme üçin özüňe sütem, jebir edýärsiň? Özüňde näme kastyň bar seniň? Seniň bolşuň maňa gaty düşnüksiz.

– Häzir yzam aýrylar, Kabyl.

– Sen ony aýyrjak hem bolaňok.

– Göwnüňedir.

– Göwnüme däl, men seni köpden bäri synlap ýörün. Sen özüňe kast etmäge biçak höwesjeň.

– Kabyl dogry aýdýar, Altynjan. Sen saglygyňy gora. Häzir öýe gaýdaly.

– Ýok, ýok, kerwensaraýlara, obalara aýlanaly.

Sadylla bilen Kabyl her çent islemeseler-de, Altynjanyň emrine boýun sundular, ony birnäçe kerwensaraýa aýladylar.

Welaýatda kyrk bäş sany ululy-kiçili kerwensaraý bardy. Altynjan her kerwensaraýa baranda köp mukdarda dinar paýlaýardy. Kerwensaraýyň sahyplaryndan hyzmat edişlerini gowulandyrmaklaryny, her kerwensaraýyň göze gelüwli, owadan bolmalydygyny sargyt edýärdi.

– Kerwensaraýlara, esasan, täjirler, derwüşler gelýär. Olar – dünýäni aýlanyp ýören adamlar. Gelenler biziň welaýatymyzyň kerwensaraýlarynda hyzmat edilişinden kän hoşal bolsunlar. Onsoň olar uzak-uzak ýerlerde bolanlarynda Wasyt welaýatynyň kerwensaraýlarynda juda gowy hyzmat edilýändigi barada aýdarlar. Ana, ondan soň welaýatymyza gelýän täjirleriň sany artar. Täjirleriň sany artsa hem olaryň getirýän harytlary köp bolar, arzan bolar.

Sadylla kerwensaraý üçin Altynjanyň çykdajy etmegini asla islemeýärdi, bu barada uýasyna telim ýola aýdypdy. Altynjan hatyn emire söz berse-de, kerwensaraýlaryň sahyplarynyň özelenmelerine garşy çykyp bilenokdy, söz berýärdi. Rast, Altynjan hatyn aýtdymy, onsoň ol gepsiz-gürrüňsiz kanuna öwrülýärdi. Çünki ol Wasyt welaýatynyň doly hukukly eýesidi.

– Bular urup aglaýarlar. Sen bularyň gözýaşyna ynanma. Bular welaýatda iň baý ýaşaýan adamlar. Bularyň näçe gazanýandygyny özlerinden başga bilýän adam ýok. Bulara hiç zat bermeli däl, bulardan diňe almaly – diýip, Sadylla janykmak janygýardy.

Welaýaty baýatmak hakda Altynjan hatynyň aýratyn bir pikiri bardy:

– Seniň gaznaň ýoksullaryň ryskyndan bölünip alnan salgytlar, haraçlar bilen däl-de, baýlaryň baýlygynyň ujundan alnan bäşden bir salgydyň hasabyna baýasyn. Sen köp-köp täjiri Wasyta gelmesiz edipsiň. Hiç kime «Gelme!» diýme. Goý, gelsinler. Käbir zatlary görmedikden bol. Alyş-çalyş bazarlaryny köpräk aç. Pereňistana keşdi (gämi) bilen harytlaryňy ugrat. O ýerleri bilen gatnaşykda bolaly. Özüň aýtdyň ahyryn: «Ol ýerlerden getirilen harytlary adamlar gowy görýärler» diýip.

* * *

**Bäş gün**läp Altynjanyň ýanynda bolan Sadylla etmeli işleriniň köpdügini tutaryk edinip, öz hyzmatkärleri bilen Wasyda gitdi.

Altynjan Kabyl hem çiltenleri bilen galdy.

Kabyl badyhowady, öwünmegi gowy görýärdi. Uzyn murtuny ýa-da öňünde garpyz ýaly çykyp duran garnyny sypap ugradygy, bu öwünmäge başlajakdygynyň alamatydy. Ol bir ýerde uzak oturmagy halamaýardy, ýörişleri, başdangeçirmeleri gowy görýärdi. Bir ýere gitmeli bolsa, mydama göwünjeňlik bilen ata atlanýan Kabyl Wasyt obalaryna aýlanyp çykmak baradaky pikiri halamandy, Wasytdan göni Togrul begiň ýanyna – Bagdada gitmegiň zerurdygyny zol-zol nygtady. Bu teklibi goldanylmansoň, Kabyl:

– Ýanymyz bilen on müň atly goşun äkideli! – diýdi.

Altynjan onuň bu sözüne güldi:

– Kabyl, saňa näme bolýar? Men-ä seni batyr, gorkmazak hasaplap ýördüm welin, sen gorkaňda ähli kişiden hem beter gorkýan ekeniň. Biziň üstümize çozuş edip biljek kim bar?! Bu dünýäde biziň rahatlygymyzy bozup biljek hiç kim ýok. Şonuň üçinem men ýanyma diňe çiltenlerimi aljak, wessalam!

– Kyrk adam gorag üçin az bolýar, juda az! Hiç bolmanda iki müň atlyny ýanymyz bilen, äkideli.

– Ýok, ýok, aýtdym – gutardy!

– Altynjan, tekepbirlik etme, meni diňle. Men ýöne ýere jöwlan uramok.

– Hä, şeýle diýsene asyl! Kim ol biziň üstümize çozuş etmäge gaýraty ýetjek goç ýigit?!

– Meniň açyk bilýän zadym ýok, ýöne jynym üstümize çozuş howpuny habar berýär.

– Sadylla ikiňiziň jynyňyz soňky ýyllar halysan was-wasy bolupdyr.

Şondan soň Kabyl hiç zat diýmedi, ýöne rahatlygy welin bolmady, bir ýerde durmady. Sadylla gidensoň-a rahatlygy hasam gaçdy: garnyny sypamady.

Ol zol-zol:

– Altynjan, gideli, bizi Togrul beg tapman ýörendir – diýdi.

Bir hepdäniň içinde görnetin horlandy.

Wasytdan sekiz farsah uzaklykdaky bir obada bolanlarynda Kabylyň garaşan, Altynjanyň garaşmadyk wakasy boldy: günortanlar iki sany nätanyş kişi Kabylyň ýanyna geldi. Olar öz aralarynda esli wagtlap nämedir bir zadyň dawasyny etdiler. Şondan soň Kabyl olar bilen obadan çykyp gitdi.

Kabyl şol gün gelmedi, oňa uzak gije garaşdylar. Şol günüň etresi Altynjan Kabylyň jylawdaryndan sorady:

– Ol saňa haçan geljegini aýtmadymy?

– Hiç zat aýtmady.

– Olar näme hakda sözleşdiler?
– Men olaryň sözüne düşünmedim, sebäbi olar arap dilinde sözleşdiler.
Jylawdaryň habaryna Altynjanyň rahatlygy gaçdy. Çiltenlerine Kabylyň gözlegine çykmagy tabşyrdy.
Gözlege gidenler Kabyly namazşam tapyp getirdiler. Ol özüni bilenokdy, çünki onuň endam-jany gara gandy.
– Kim saňa el göterdi?! – diýip, Altynjan gahardan ýaňa titredi.
Kabyla em etdiler, ganyny duruzdylar, ýaralaryny daňdylar. Çala özüne gelen Kabyl hazzar pyşyrdady:
– Altynjan, saňa aýtjak möhüm sözüm bar.
– Näme habar?
– Bilgin, Kabyl satlyk däldir. Öldüriljegini bilse-de, ol saňa, Togryla ikilik etmez. Bilgin, Kabyl baýlykdan beýikdir!
– Men seniň baýlykdan beýikdigiňi bilýärin-ä! Maňa bu hakda aýtmak hökman däl.
– Ýok, ýok, hökman. Bilgin, men seni iň soňky demime çenli goraryn.
– Wah, men saňa döneýin, mähriban doganym!
– Altynjan, meni diňle! Gyssagly gaçyň! Arslan Besasury häzir sizi öldürmek üçin geljek! Doganym, uýam, ýalbarýaryn, gaçyň! Meni äkitjek bolmaň! Gerek däl, men, barybir, uzak ýaşamaryn. Men häzir ölerin. Siz gaçyň! Howlugyň!
Altynjan Kabylyň Wasytdaky odanmalaryny ýatlady. Ol on müň atly goşyny gorag edinmek baradaky örtenmelerini ýöne ýerden däl eken. Ol, gör, näçe gezek janykdy. Altynjan Kabylyň ol janykmalaryna geleň etmedi.
Indi ähli zat düşnükli.
Altynjan çiltenlerini daşyna jemledi, olara ýagdaýy habar berdi.
Golaý-goltumdaky obalara kömek sorap çapar ýollandy.
Garaňky gatlaşyp ugranda ýer sarsyp ugrady. Bu at toýnaklarynyň sarsgynydy, bu atly goşunyň oba ýakynlaşyp gelýändiginiň alamatydy.
At aýaklarynyň dükürdileri barha artyp-ýakynlaşyp ugrady.
Obanyň daşynyň gabalandygyny habar berdiler. Bu habaryň yzysüre obanyň dört tarapyndan elleri gylyçly besasurylylar oba kürsäp girdiler, öňlerinden çykan adamlary uçdantutma gylyçdan geçirip ugradylar.
Gazaply darkaş başlandy.
Altynjan çiltenleriniň öňüne düşüp, besasurylylar bilen darkaşa girdi.
– Çiltenleriň ählisini öldüriň! Altynjany-da öldüriň! – diýip, Arslan Besasury Türkmen birsyhly gaýtalap gygyrýardy. Ol özüniň ýeňiş gazanjagyna doly ynanýardy. Eýýäm otuza golaý çilten öldürilipdi. Indiki gezek galan çiltinleriňkidi hem Altynjanyňkydy.
Garaňky mazaly gatlyşypdy. Kabyl darkaşyň gidişine diň salyp ýatyrdy. Wagt geçdigisaýyn biri-biri bilen çaklyşýan gylyçlaryň sesleri-de azalýardy.
Kabyl häzir besasurylylaryň öz ýanyna-da geljekdiklerini, öldürjekdiklerini bilýärdi. Ol takdyra ten berip ýatmak islemedi, özüne zor salyp ýerinden galdy. Ýatan külbesinden çykyp, töweregine garanjaklady.
Onuň daş çykandygyny gören öý bikesi niredir bir ýere ylgap gitdi. Biraz salymdan bir baýtalyň rişdesinden tutup geldi.
Çepiksije öý bikesi Kabylyň baýtala münmegine tekge berdi.
Kabyl garaňkylygyň içine siňip gitdi...

* * *

*Soltan Togrul beg Seljuklynyň aýaly örän ýagşy, köp haýyr-sahawat edegen, köp sadaka beregen zenandy. Dogry pikirli, düz çäreli, ugurtapyjy, gaýratly we dogumly zenandy. Soltan Togrul beg ony diňleýärdi we diýenini edýärdi. Köp çäreleri onuň akyly bilen çözýärdi. Ol ummasyz goşuna, esgere baş bolup, ýörişe giderdi we duşman bilen özi hem söweşerdi.*

**Ýusup ibn Taňryberdi Atabeg.**
**Müsür we Kair patyşalygyndaky**
**röwşen ýyldyzlar.**

## On bäşinji hekaýat

## GÖZ — HAKYKAT, SÖZ — GÜMAN

Togrul begiň Anadoly serhedinde galdyryp gaýdan Ýakudyň serkerdeligindäki goşuny 1057-nji ýylda birnäçe ýeňiş gazandy: ençeme galany, şäheri, etraby seljuk soltanlygyna tabyn eýledi. Ýakudyň teshyrlary Wizantiýa kaýsaryny howsala-howpa saldy, bu howpuň öňüni almak, has takygy, ony ýok etmek maksady bilen kaýsar seljuklylara garşy goşun gönderdi.

Kaýsaryň niýeti rahat ýaşamakdy. Munuň üçin seljuk goşunyny derbi-dagyn etmek zerurdy. Arman, onuň isläni bolmady. Gapdalynda durup ary kömejini gozgan ýaly boldy, ol.

Özüne, kömejine azar bermeseň, arynyň seniň bilen işi ýok, ol öz işi bilen başagaý. Azar berseň welin, arylaryň ählisi jem bolup, üstüňe hüjüme geçýärler. Wizantiýalylaryň kysmaty-da General Nikephoros Brienniosiniň hüjüminden soň arynyň kömejine kesek atylanyndan hem bäş beter boldy.

Seljuklylar çar ýandan hüjüme başlady: Ýakut beg bilen emir Saltyk garşysyna iberilen Wizantiýa generaly Nikephoros Brienniosiniň goşunyny agyr ýitgä sezewar edip ýeňdi. General özüniň sanalgyja esgeri bilen hazzar janyny halas etdi.

Şondan soň Ýakut Kars hem Ani galalaryny petih kyldy.

Soltan Gutulmyş begi goşunbaşy edip Arrana (Garabil) iberdi.

Gutulmyş begiň serkerdeligindäki goşun Erzurum, Erzinjan, Kemah etraplaryny, soň Harput hem Şebingara-Hysar galalaryny eýeledi.

Wizantiýanyň tagta geçen täze kaýsary Konstantin Dukas X seljuklylar bilen garpyşmakdan gaça durmaga çalyşdy. Sebäbi seljuklylar hiç bir kynçylyga, hiç bir pida seretmezden Wizantiýany barha gysaja salýardy. Kaýsar şol gysaçdan çykmagyň ýollaryny gözleýärdi.

Aýlawa düşülende atlar özleriniň gapdallaryndaky atlaryň haýsysynyň çamandygyny, haýsysynyň ýüwrükdigini magat bilýärler. Özleriniň ýanlaryndaky atlardan çamandygyny bilen atlar çapuwa girmejek bolup herki hokga tapýar. Wizantiýa kaýsarynyň bolşy-da çaman atyň aýlawa girmejek bolup çyrpynmasyna meňzeýärdi. Birmahal şeýle boluş Gaznaly (Ýatan jaýy jennet bolsun!) soltany Masutda hem gaýtalanypdy. Diňe atlar däl, käbir patyşalar hem darkaşyň nähili netije bilen soňlanjagyny, megerem, duýýan bolsalar gerek.

Togrul beg Wan kölüniň demirgazygynda ýerleşýän Malazgirt şäherine ikinji gezek zarba urmak üçin ýörişe ugramak isleýärdi. Elbetde, bu ýöriş birýyllyk ýöriş bolmaz. Ol iki-üç ýyla çekse gerek. Şonuň üçin Togrul beg ilki soltanatdaky işlerini biryüzli etmäge howlukdy. Ýöne köşkde-de alada ýeterlikdi. Ybraýymyň najagaýy hem ýetikdi, ýogşam, soltan ony Mosula häkim belledi hemem oňa bu ülkäni mülk berdi.

Ybraýyma Azerbaýjan bilen Mosul az göründi, ol soltanlygy ele almak maksady bilen ikinji gezek Togrul begiň garşysyna çykdy, Mosulda uzak durmady, Jebel ýurtlaryna gitdi.

Soltan Togrul Ybraýym ynalyň ol ýerlere gitmegini özüne gulak asmazlyk, äsgermezlik hökmünde kabul etdi. Soltan doganyny yzyna dolamak maksady bilen halypanyň özüne hedýe beren gymmatbaha perejini bir ilçiden ýörite ugratdy.

Ybraýym ynalyň gidendigini eşiden, Besasury bilen Kuraýyş ibn Bedran Mosula geldiler, şäheriň içindäki galany dört aýlap gabadylar.

Galadakylar iň soňky azyklaryny gutarýançalar – dört aýlap gorandylar, boýun egmediler. Togrul begden hemaýata garaşdylar, hemaýat bolmandan soň, janlaryna aman diläp, galany söweşsiz tabşyrdylar.

Besasury galany ýumurdy.

Soltan Togrul bu habary eşidip, iki müň atly goşuna emir Anuşirwany baş edip, Mosula ugratdy.

Emir Anuşirwanyň öz üstlerine gelýändigini eşiden Besasury bilen Kuraýş haýdan-haý Mosuly taşlap gaçdylar, sebäbi olaryň atlylarynyň sany alty ýüzden köp däldi.

* * *

Arslan Besasury halyf Kaýym Bemryllahyň goşunlarbaşysy bolsa-da, musulman dünýäsindäki syýasata gönüden-göni goşulýardy. Ol gaznaly türkmenleriň soltanlygynyň synmagyna-da, seljuk türkmenleriniň döwletiniň döremegine-de, ösmegine-de gönüden-göni gatnaşypdy. Sebäbi gaznaly soltany soňky ýyllar apbasy halyflygyny äsgermezçilik etdi. Mahmyt Gaznaly öz döwründe halyfyň ýollan hatynyň ýüzüne tüýkürip, yzyna ýollapdy, şeýdibem halyflygyň mertebesini kemsidipdi. Onuň ornuna

geçen Masut hem kakasynyň ýoluny dowam etdirdi, halyflyga sadyklyk bildirmedi. Şeýle bolansoň, halyflyk seljuk türkmenleriniň döremegini ikelläp goldapdy.

Halyfyň ak patasy bilen seljuk döwleti rowaçlyk ýoluna gadam basypdy. Arslan Besasury Türkmen seljukly türkmenlerden aýratyn mertebä, sylaga garaşýardy: Yraga seljuklylaryň başlyklarbaşysy bolmak isleýärdi. Şu maksat bilen Arslan Togrul beg bilen gowy gatnaşyk saklamaga çalyşdy, oňa hoşamaýdan hoşamaý sözleri aýtdy, onuň hoşuna geläýjek birtopar işleri etdi, köp-köp hedýe gönderdi. Diňe bir soltana däl, onuň ýanyndaky wezir-wekillerine-de eçilmek eçildi.

Ybraýymyň göwnüni awlady. Ol indi Arslanyň öz adamyna öwrüldi.

Anuşirwan ibn Tümeniň göwnüni awlady.

Altynjan hatynyň inileri Sadyllanyň, Kabylyň göwünlerini awlady.

Arslan Besasury Bagdada Amydylmülk Kundury başlyklarbaşy bellenen güni ýalňyşandygyna düşündi, arman, giç dü-şündi. Onuň bar umydynyň, maksadynyň üstünden palta uruldy. Onuň niýeti halyfaty dolandyrmakdy ahyryn!

Seljuklylar halyfy hatyraladylar, ony üýtgewsiz hasapladylar. Arslan Besasura halyfa wepadarlyk bilen hyzmat etmegi maslahat berdiler.

Arslan Besasury Kundurynyň başlyklarbaşy bellenen, özüne halyfa wepadarlyk bilen hyzmat etmegi maslahat berlen güni ömrüniň ahyrzamany hasaplady.

Ol köşeşmek maksady bilen uzyn gije daşdan ýasalan çäýnek-käseleri, küýzeleri döwüp geçirdi. Barybir, köşeşip bilmedi.

Arslan özüniň şowsuzlygyny, bagtynyň ýatmasyny Togrul soltanyň hatyny Altynjandan gördi.

Ol açyk söweşe çykmakdan başga çykalga tapmady.

Altynjanyň kastyna çykdy. Onuň ýüregine dowul-gorky salmak, mugyra getirmek maksady bilen Kabyly jezalandyrdy.

– Saňa iň soňky puryja berýärin. Altynjan hatynyň ýanyna bar-da, onuň bilen gürleş. Goý, ol Kunduryny başlyklarbaşy wezipesinden aýryp, ol wezipä meni belletsin. Eger meniň şu islegimi bitirmeseňiz, seni-de, Altynjany-da pidaýylarym öldürer! – diýip, Arslan Besasury Kabylyň üstüne gygyrdy.

Arslanyň bu islegi-de başa barmady, ol şondan soň Wasytyň Kütür obasyna gelen Altynjany kerçem-kerçem edip içini sowatmagy ýüregine düwdi. Ol şu maksat bilen üç ýüz atly jemläp, ýörişe çykdy.

Altynjan hatynyň ýanynda diňe çiltenleri bardy.

Olar besasurylylar bilen merdi-merdana söweşdiler.

Gazaply söweş boldy.

Bu söweşde besasurylylaryň gaçan iki atlysyndan özgesi wepat boldy.

Oba adamlary bu söweşi keseden synladylar. Altynjan hatynyň gahrymanlarça darkaş gurşuna haýran galdylar.

Söweş bolan ýeri gije dym-dyrslykdy.

Eýeleri wepat bolansoň, bir süri eýerli at söweş meýdanyndan uzak gitmän, eýeleriniň gelerine garaşyp durdy.

Daň atanda oba adamlary söweş bolan meýdana üýşüp geldiler, şonda täsin bir görnüşiň şaýady boldular.

Söweş bolan ýeriň ortarasynda, serlip ýatan läşleriň arasynda Altynjan hatyn süýnüp ýatyrdy, onuň çar tarapynda bolsa on sany elleri ýataganly ýaradar çilten otyrdy.

Adamlar çiltenleriň ýaralaryny saradylar, başardyklaryndan em etdiler.

Altynjan hatyny eginlerine göterip, ýakyn öýleriň birine bakan ugradylar.

Hatynyň Akgar atly ýaradar aty agsaklap, gözünden katra-katra gözýaş döküp, eýesini eginlerine göterip alyp barýan adamlaryň yzyna düşdi.

Açyk meýdanda düşek ýazyp, Altynjan hatyny şonuň üstünde ýatyrdylar. Onuň endamyndan tyg yzynyň düşmedik ýeri tas ýok diýen ýalydy, egin-eşigi gara gandy...

* * *

**Günortan Sadylla bir müň atly bilen ýetip geldi. Onuň gelmegi bilen Altynjan hatyn gözlerini açdy, özüne geldi.**

**Sadylla beýle ahwalata garaşman eken: ol bolan ahwalaty görüp, ýüregi ýarylan dek elewredi. Sadylla Altynjan öler öýdüp gorkdy. Onuň gorkmasy ýöne ýerden hem däldi, sebäbi ol ölümiň**

**alkymyna barypdy. Ol Altynjany Ezraýylyň elinden alyp galmak üçin jan edýärdi. Tebiplere, lukmanlara azgyrylýardy, olaryň hereketlerini haýal görýärdi.**

**Oba ýene iki ýüz atly geldi. Altynjan hatyn ýatan ýerinden olaryň nämedir bir habar bilen gelendiklerini aňdy.**

**– Sadylla, gelenleriň habaryny al!**

**– Häzir senden möhüm aladamyz ýok. Gelenler garaşar.**

**– Olaryň habaryny al, damulla!**

**– Meniň jynym halanok olary!**

**– Barybir, habarlaryny al!**

**– Bolýar, bolýar. Saňa geplemegem bolanok. Biynjalyk bolma, rahat ýat. Häzir habarlaryny alaryn – diýip, Sadylla göwünli-göwünsiz gelenlere bakan ugrady.**

**Sadylla köp wagt geçmänkä Togrul soltanyň berid sahyby Şadyky bilen tirkeşip geldi.**

**Şadyky Altynjan hatyna hormat bilen tagzym etdi, hatynyň ýagdaýyny görüp, hyrçyny dişledi.**

**– Näme habar?!**

**Şadyky özüni soltanyň ýörite ugradandygyny, Bagdatda garaşýandygyny habar berdi.**

**– Altynjan hatyn ýarawsyz. Özüň görüp dursuň. Düýn Besasury Türkmen Altynjanyň üstüne üç ýüz atlysy bilen çozdy. Ine, şol üç ýüz atly läş bolup ýatyr. Olary Altynjan hatyn özüniň kyrk ýigidi bilen gyrdy, ýöne söweşde özem agyr ýaralandy. Onuň ýaralarynyň bitmegi, sagalmagy üçin wagt, rahatlyk gerek. Üç-dört hepde ýatyp saglygyny bejertmese, Altynjan hatyn ýola ýaramaz. Çiltenleriniň diri galanl**arynyň ählisi agyr ýaradar, olaram bejermeli – diýip, Sadylla Şadyka ýüzlendi: – Sahyp, sizem uzak ýoldan ýadap gelensiňiz, üç-dört hepde dynç alyň. Altynjan hatyn ganymatlaşandan soň, bileje gidiberersiňiz. Men Altynjany siziň bilen bile ugratsam, arkaýyn boljak...

– Sadylla, biz häzir ugraýarys! – diýip, Altynjan hatyn kesgin aýtdy: –Ýol şaýymy tutuň!

– Altynjan, seniň diýýäniň näme? Ýolda heläk bolarsyň! – diýip, Sadylla ör-gökden geldi. – Şadyky, senem aýt!

– Melikäm, Sadylla dogry aýdýar...

Altynjan hatyn gussaly ýylgyrdy:

– Eh, erkekler, erkekler! Siz hatynlary özüňize osýarsyňyz! Hatynlar siziň pikir-çak edişiňiz ýaly däldir. Hatynlar ärleriniň möhümini bitirmek, olaryň rowaçlygy üçin Ezraýylyň ýüzüne gelip, oňa: «Gaýra dur!» diýmegi başarýandyrlar. Alla panyda iň çydamly jandar edip hatynlary ýaradandyr. Aslynda erkeklere poladam, demirem çydap bilmez, olara diňe hatynlary çydaýandyr. Mähribanynyň özüne garaşyp durandygyny eşiden zenany hiç bir güýç, hiç bir kesel saklap bilmez! Ýörüň, gideliň!..

* * *

**Togru**l soltan soltanlygynyň paýtagtyny Yspyhana geçirdi. Ol ýerde edilýän işlerden razydy. Halkyň göwnüni galkyndyrmak maksady bilen her hili baýramçylyklary gurnaýardy. Bu gezekki baýramçylykda ýedi yklymyň pählewanlary jemlendi. Kyrk günläp göreş tutduryldy, atdyr düýe çapdyryldy.

Günler gyzykly geçýärdi. Şol günleriň birinde Altynjan ýaramaz düýş gördi. Düýşünde Togrul soltan düýe münüp nirädir bir ýerik barýardy. Onuň ýagyrnysynda bolsa äpet gara möý bardy. Birtopar alahekek bolsa şol möýi görüp, soltanyň depesinde alagopgun edip gaýmalaklaşýardy. Soltan alahekeklere-de pitiwa etmän, öňüne seredip, sarsman otyrdy. Altynjan soltanyň arkasyndaky möýi aýryp taşlajak bolup ylgady, sesiniň ýetdiginden «Begim!» diýip gygyrdy, ýöne näçe gygyrsa-da, soltan eşitmedi, yzyna gaňrylyp seretmedi.

Altynjany soltan yralap oýardy:

– Saňa näme bolýar, Altynjan?

Altynjan ukudan oýanyp, ähli zadyň düýşdügine begenip, ýeňil hem aldy:

– Ýaramaz düýş gördüm, begim – Altynjan gören düýşüni aňynda aýlady. – Siz şu günde-ertirde bir ýerik gitjek bolýarsyňyz öýdýärin?!

– Ybraýymyň ýanyna gitmeli boljak. Onuň bilen çözmeli meselelerim bar.

– Gitmeseňiz gowy boljak.

Soltan hatyny bilen ylalaşdy, ýöne şondan dört gün geçenden soň Ybraýym ynaldan çapar geldi:

– Ybraýym ynal ogluna sünnet toýuny edýär. Hemedanda size garaşýar.

Ybraýym ynal çaparyň aýtjak sözlerini az gören bolarly, uzyn nama gönderipdir. Onda ömründe ilkinji gezek uly toý edýändigini, şol uly toýa Togrul soltanyň gatnaşmagynyň özüne uly mertebe boljakdygyny öwran-öwran nygtapdyr.

Togrul beg Ybraýymyň niýetiniň düzüw däldigini duýýardy, ýöne şeýle-de bolsa, ol bu çakylykdan soň gitmän biljek däldi.

Togryl beg gorksa bolmaz ahyryn!

Altynjan açyk aýtdy:

– Begim, ynalyň päli düzüw däl!

– Göwnüňe hiç zat getirme. Men öz Ybraýymyma belet!

Altynjan soltany saklap bolmajakdygyna düşündi. Göwnüne, soltan ölüme barýan ýaly duýuldy. Öň onda ýeke gezegem beýle duýgy bolmandy. Şonuň üçin hem bu duýgy oňa ölümiň äşgär alamaty bolup görünýärdi. Altynjan şol günüň öýläni ýene soltana ýüzlendi:

– Men otuz müň atly goşun bilen Hemedanyň ýakynynda size garaşaýyn, begim.

– Ýok, ýok, bu hakda eşidäýse, Ybraýym heşelle kakar, «Togrul menden gorkýar» diýer, şonsuzam onuň temennasy ýokary. Goý, ol menden gorksun. Ol bütin ömrüne menden gorkdy, ýene gorksun.

– Gorkandan gorkan ýagşy, begim. Gorkýan kişiniň gamasy goltugynda ýylgaý häzir bolýar. Ol amatly pursadyna garaşyp ýaşaýandyr.

– Bir urgy bilen daragt ýykylýan däldir. Ybraýym hem birki urgy bilen meni ýykyp bilmejegini aňýandyr. Onsoňam maňlaýa ýazylan ýazgytdan gaçyp bilmeris. Goşuny Kundura tabşyrýaryn. Ol Bagdatdan çykman, meniň gelerime garaşsyn.

– Men gorkýaryn, begim, men gorkýaryn.

– Anuşirwany-da ýanyňda goýup gideýin. Men gelýänçäm ol özüniň gowy şygyrlary bilen göwnüňi awlasyn. Wagtyň nädip geçendigini-de duýman galarsyň. Ynan, men Ybraýym bilen darkaş gurmakçy däl. Men onuň bilen hem-ä toý toýlamakçy hemem düşünişmekçi. Men oňa näme islese berjek. Goý, ol islän ýerini alsyn. Düşünýärsiňmi?

* * *

**Alty**njan Anuşirwanyň diwanhanasyna bardy. Onuň ýanynda bäş sany daşary ýurtly bar eken. Altynjan terjumana ýüzlendi:

– Bulara aýt, goý, öýleden soň gelsinler. Häzir weziriň gyssagly işi bar.

– Mähriban käbäm, siziň ýüzüňizden gar ýagýar-la? Eýgilikmi beri? – diýip, Anuşirwan ibn Tümen adaty süýji dilliligi bilen Altynjana ýylgyryp bakdy.

– Soramaň näme, ähli zady sen menden gowy bilýärsiň.

– Käbäm, ömrüm, şirin janym size sadaga. Sizi näme biynjalyk etdi? Siziň rahatlygyňyz, wagtyhoşlugyňyz üçin janymy bermäge taýýar men. Käbäm, aýdyň...

– Süýji söz bilen janymy alýarsyň sen meniň.

Altynjan hatynyň bu sözi Anuşirwan üçin garaşylmadyk söz boldy. Ol gözlerini petredip, esli salym Altynjana seretdi. Onuň nazary kem-kemden gazaplandy. Hanasyndan çykaýjak-çykaýjak bolýan gözlerdäki inçe gan çylgymlarynyň birkisi, megerem, ýaryldy. Sebäp ol gazaply nazara gan çaýyldy. Bu görnüş Altynjany hopukdyrdy. Anuşirwanyň gazaplanmasyny Altynjan ençe gezek görüpdi, ýöne ol ýeke gezegem Altynjana şeýle gazaply seretmändi.

– Käbäm, sizden bu sözi eşitmek maňa juda agyr degýär. Siz meni nähak kötekleýärsiňiz.

– Anygyna ýetmän, meniň ýeke sözem aýtmaýandygymy sen gaty gowy bilýän bolmaly.

– Dogry, siz mydama her sözüňizi ýedi ölçäp, bir keseniňizden soň aýdýarsyňyz. Eger maňa aýdan sözüňiz hem anygyna ýetilip aýdylan söz bolsa, onda men gaty aýny adam.

– Soňky döwürde seniň bolşuň meniň hoşuma gelenok.

– Bu sözüňiz başky sözüňizdenem agyr. Käbäm, görýärin welin, kimdir biri siziň ýüregiňizi çişiripdir: men hakda hapadan-hapa pikirleri aýdypdyr, sizem oňa güp ynanypsyňyz.

– Göz – hakykat, söz – güman. Men saňa hakykaty aýdýaryn.

– Käbäm, men gürrüňiň näme hakda barýandygyna düşünmeýärin.

– Urup, soňundan aglan bolma. Sen hemme zady bilýärsiň.

– Ýalňyşmasam, siziň gaharyňyzy getirýän zat Togrul beg bilen Ybraýym batyryň oňşuksyzlygy bolmaly?

– Sen näme üçin iki tarapa meçew berýärsiň?

– Wah-nedamat-a, wa weýlata, gör, siz näme üçin gazap donuny geýipsiňiz?! Siz dogry düşüniň, käbäm, olaryň ýekesem meniň akylyma mätäç däl. Olar hiç wagt meniň sözüm boýunça iş etmezler.

– Soltan seniň sözünden soň Hemedana gitmek kararyna geldi. Öň onda beýle pikir ýokdy. Sen oňa meçew berdiň.

Anuşirwan böwrüne diň salyp, esli salym dymdy, soň haýbatly gürledi:

– Men soltana hakykaty aýtdym. Endamyňa ýapyşan sakyrtgany hernäçe agyrawuk bolsa-da goparyp zyňandan gowusy ýok. Ybraýym – Togrul begiň ýüregine ýapyşan sakyrtga. Eger onuň bilen wagtynda bellisi edilmese, onda ol soltan bilen bellisini eder. Onda birtopar pidaýy bar. Olaryň ählisiniň aňynda-da: «Ybraýym – soltan, Togrul – duşman» diýen düşünje bar. Eger siz şu babatda gaharlanýan bolsaňyz, onda nähak gaharlanýarsyňyz. Siz öz ogluňyza – maňa bil baglap bilersiňiz. Men sizi depämde täç edip götererin. Çünki meni siz şu derejä ýetirdiňiz. Eden mähribanlyklaryňyzy ödemek – meniň parzym. Siz, mähriban käbäm, maňa ynanyň, durmuşymyz has gowy bolar, enşa...

Altynjan – Togrul begiň oraşan duýgurlygy, ol şu günki Togrul begiň ertiri, häzirki Togrul begiň bolsa geljeginiň güwäsi. Ykbalyň Güneşi Togrul begiň alnynda bolsa-da, tebigatyň şöhle kanunynyň tersine, onuň Altynjan atly kölegesi hemişe diňe öňüne düşýär. Togrul begiň näbelli geljeginiň howpy-da, ilki bilen, Altynjana degýär. Howp-hatar ilki Altynjana görünýär, il arasyndaky myş-myşlara salgylanyp aýtsaň, ähli bolýan-u-boljak zatlar seýir dogasyny okasa, Altynjan hatynyň dyrnagynda oraşan görünýärmiş.

Allatagala soltana goragçy perişdäniň deregine Altynjan hatyny beripdir. Hatyn – ynsan, ynsanda bolsa perişdeden bir beýik artykmaçlyk bar. Perişdä diňe amal berlen bolsa, ynsana emel berlipdir. Amalda geljegiň, entek näbelli geljegiň ýeke-täk bir mümkinçiligi bar. Ynsan bolsa öz akyly hem duýgusy bilen geljegiň mümkinçilik sanyny artdyrýar, şol mümkinçilikleriň birini öz duýgurlygyna, paýhasyna bil baglap, saýlap alýar. Özüne howply hem amatsyz mümkingadarlyklardan sowlup geçýär. Perişdäniňki amal, ynsanyňky emel bilen. Diýmek, birinji diňe bitirýär, öňden kesgitlenen zatlary amala aşyrýar, ikinji bolsa geljegi döredýär, emele getirýär diýmekdir. Şonuň üçinem bu durmuş ýolunda ýoldaşy, ýarany perişde däl-de, ynsan bolan adamlar has bagtlydyrlar, has howpsuzdyrlar.

Bu gezegem Altynjanyň gören düýşi oraşan çykdy. Asyl onuň tutuş ömri oraşandy. Bu bir kanunalaýyklykdyr, çünki Altynjanyň röwşen bolmagy tebigydyr. Haýp, Togrul soltan bu düýşe ähmiýet bermedi. Adam pahyr adama däl-de, perişdä ynanýar. Adam adamdan däl-de, perişdeden delalat gözleýär. Ol bary-ýogy özi ýaly adamdan üýtgeşik gudrata, tapylgysyz goldawa, kipaýata garaşmazak bolýar.

Togrul soltan Altynjanyň öňünde Hökümdar boljak bolup näçe çalyşsa, şonça-da onuň işi tersine bolupdy, şonça-da onuň geljeginiň hökümdarlygy Altynjanyň ygtyýaryna degişli bolýardy. Tersine, ol hatynyna Howandar boldugyça, ykbal hem oňa şonça-da howandarlyk edýärdi...

## On altynjy hekaýat

## MÜŇ DOSTDAN BIR DUŞMAN KÖP

### I.

Altynjan soltan bilen gitjek bäş sany jandaryna ýörite görkezmeler berdi. Ol bäş jandara baş edip hem Kabyly belledi.

Togrul soltan bäş müň atly bilen gitmekçidi, ýöne Amydylmülk wezir bilen Dürnazar ýörite nygtanlaryndan soň, ol on müň esger bilen ýola düşmegi makul tapdy.

Daşarda serasyma bolup duran Altynjanyň ýanyna umury beridde işleýän Haldan geldi. Onuň elinde akja kepderi bardy.

– Wiý, enaýyja kepderi! – diýip, Altynjan akja kepderini synlady.

– Eliňizde saklap göräýiň, han melikäm.

– Getir. – Altynjan kepderini döşüniň üstünde goýup sypady. – Diwany beridiňkimi?

– Hawa, han melikäm, diwany beridiňki. Men bu kepderini ýörite size görkezmek üçin alyp gaýtdym.

– Maňa näme üçin görkezýärsiň?

– Men siziň göwnüňiziň açylmagyny isleýärin. Bu kepderini görüp begendiňiz. Ýüzüňizde janperwerlik peýda boldy. Sizi başga bir zat bilen şeýdip begendirmek maňa başartmazdy.

Altynjan kepderini ýüzüne syldy, üç-dört bugdaý dänesini çokdurdy:
– Bu kepderi bilen hat ugradýarsyňyzmy?
– Hawa, hawa, umury beridiň hat gatnadýan kepderileriniň biri bu.
– Bu nirä hat gatnadýar?
– Hemedana.
– Hemedana diýdiňmi?
– Hawa, Hemedana. Wiý-weýla, siz ýene aladaly keşbe girdiňiz. Men siziň ýylgaý şadyýan bolmagyňyzy isleýärin. Elimden gelse, siziň derdiňizem özüme aljak, siziň dert çekmegiňizi islämok men. Siziň şadyýan bolmagyňyz üçin men ölüme-de taýýar, han melikäm.
– Sen bu kepderide Hemedana habar ugratjak bolýarsyňmy?
– Ýok, ýok, han melikäm. Mende beýle pikir ýok. Habar ugratmak diňe Togrul soltanyň tabşyrygy bilen edilýär.
– Me, kepderiňi al, meni saklama. Meniň işim köp – diýip, Altynjan kepderini Haldana berdi.
– Bir ýere gitmelimi? «Hemedana gidilýär» diýip eşitdim men-ä.
– Dogry, Hemedana gidilýär.
Haldan Altynjanyň ýanyndan aýrylmady. Onuň göwnünden turmaga çalyşdy:
– Ýene gitmelimi? Han melikäm, men siziň soltan bilen dynç almagyňyzy isleýärin, gije-gündiz size hyzmat etmek isleýärin. Meniň üçin dünýäde iň datly lezzet – size hyzmat etmek, siziň ýumşuňyzy bitirmek. Men biçak bagtly adam, han melikäm.
– Men hiç ýerik gidemok, Haldan. Diňe soltan gidýär.
– Onda biziň soltanlygymyzyň serhedi ýene giňär. Täze-täze şäherler bize tabyn bolar. Gyzyl deňzine çenli aralyk, enşa, biziňki bolar.
– Bu gezek soltan kapyrlary musulman etmek – jihat etmek üçin däl-de, dogany Ybraýym begiň ogluna edýän sünnet toýuna gatnaşmak üçin barýar.
– Hemedana diýdiňizmi? Ybraýym begiň toýuna barýarmy? Onuň toýuna gitmek, düşünişmek üçin munça goşun hökmanmy?
– Berlen habara görä, Ybraýymyň ýüz müň atly goşuny bar bolmaly.
– Ybraýym begde onça goşun neýlesin? Onda goşun uly däldir. Soltanymyzyň goşuny welin, görüň-ä, ýüz müň dagy bar.
– Seniň gözüňe köp bolup görünýändir. Aslynda welin, on müň. Göwnüme bolmasa, bu goşun az. Ýüz müň esger jemläp, göni Hemedana barmaly. Ybraýym bilen hem toýdan soň egri oturyp, dogry gürleşmeli. Sebäbi onuň soňky günler päli azypdyr: ol soltan bolmak isleýär.
Bu habara Haldan başyny ýaýkap gynandy:
– Oňa berk jeza bermeli. Wah, Bekdaş wepat etdi, ýogsam ol Ybraýymy müň saý atly haşary bilenem mugyra getirerdi. Ol meni gowy görýärdi, meni öz ýanyna kömekçi edip işe aljak bolup ýördi.
Altynjan geňirgenmesini daşyna çykardy:
– Ol seni gowy görýärdimi?
– Hawa, hawa, Bekdaş sahyp meni biçak gowy görýärdi. Ol maňa: «Ýene birki aýdan sen meniň ýanymda işlärsiň. Men bu hakda soltan bilen geňeşerin. Ol seniň meniň ýanymda işlemegiňe garşy çykyp durmaz» diýipdi. Arman, ömri gysga eken, onuň.
– Haldan, seniň umury istihbaratda işläsiň gelýärmi?
– Hawa, meniň bu gullukda işläsim gelýär. Soltan Bekdaş neressäniň wezipesini Dürnazara ynandy welin, ol bu wezipäni Bekdaşça oňarar öýdemok. Bekdaş dogabitdi jansyzdy, polady ýumşak adamdy. Aşa geçirimlidi. Ol adamyň ýüzüne seretdigi bes, onuň näjüre adamdygyny, näme maksadynyň bardygyny dessine bilýärdi. Dürnazar hem köp zat bilýär, ýöne ol her bir adamda duşman görýär. Ol ähli kişä şübheli seredýär. Hiç kime ynanmaýar. Özem rehimsiz. Oňa Dürnazar çarmyh[1] diýip ýöne ýere aýdanoklar. Onuň eline düşen özüň bolma. Hudaý saklasyn. Rehimsiz ol, çensiz-çaksyz pähimsiz. Bekdaş biraz geçirimlidi, käbir zatlara göz ýumardy. Dürnazar welin, öz babasyna, öz enesine-de geçirimlilik etjek adam däl!
– Sahyplara baha kesmek saňa galmandyr! – diýip, Altynjan Haldana gaharly seredip, ýoluny dowam etdirdi.

* * *

**Soltan bir menzil geçilenden soň atynyň jylawyny çekdi, özüni ugratmak üçin gelýän wezir-wekillerine, hatyny Altynjana ýüzlendi:**

**– Besdir, indi şu ýerden yzyňyza gaýdyň! Wezir, men saňa gaýtalap aýdýaryn – diýip, soltan Amydylmülke ýüzlendi: – Gaýa-gopuz ýokka, menden anyk görkezme bolmasa, goşun tutup, Hemedana barmaň. Düşnüklimi?**

**– Düşnükli, merhemetli soltanym!**

**Ähli wezir-wekiller soltana sag-salamatlykda dolanmagyny dileg etdiler:**

**– Sag-aman dolanyp geliň!**

**– Biz günümizi sanap, siziň geleriňize garaşarys – diýip, Altynjan hatyn soltana mähir bilen bakdy.**

**Şol mahal, säher çagy Asman göm-gökdi, howa sergindi, ýaýylyp ýatan meýdanda iňlär siňek ýokdy.**

**Birden Asmanda akja kepderi göründi. Ol atlylary görüp, aşaklady. Megerem, atlylary tanamakçy bolandyr.**

**– Şadykynyň kepderisi bu. Bir ýerden habar getirýändir – diýip, Altynjan dillendi. Ol bu kepderini tanady: Haldanyň elinden alyp, oňa bugdaý dänesini çokdurypdy.**

**Akja kepderi ýokarda birki öwrüm edip, aşak indi.**

**– Haldan, bu hälki kepderi ýaly-la?!**

**Haldan gozgalaňa düşdi:**

**– Meniň kepderim däl, ýok, ýok, bu meniň kepderim däl. Zäherli bolaýmasyn?! Kowuň ony! – diýip, ol ellerini galgadyp gazaplylyk bilen kepderini kowmaga çalyşdy. Kepderi Haldanyň haýbatyndan gorkdumy-nämemi, onuň däl-de, Altynjanyň egnine gondy.**

**– Aýagynda hat bar ýaly-la onuň?! – diýip, Togrul soltan gyzyklandy.**

**– Men bu kepderä ertir iým berdim. Şonuň üçinem bu meniň egnime gondy. – Altynjan kepderini eline alyp sypady. Onuň aýagyna daňylan haty alyp, emaý bilen gatyny açdy. Haty okan Altynjan boz-ýaz boldy:**

**«On müň goşun bilen ýola düşdi.**
**Içinde hatynyň inisi hem bäş sany jansyzy bar».**

**– Haldan, bu näme? – diýip, Altynjan hatyn Haldana haty görkezip gazaplandy.**

**– Men-ä bilmedim... – diýip, Haldan sakawlady.**

**Altynjan haty Togrul soltana uzatdy.**

**Haty okan soltan bir Haldana, birem Altynjana seretdi:**

**– Altynjan, sen munuň Ybraýymyň aýýarydygyny**[2] bilýärsiň-ä!

– Bilýärin...

– Onda näme üçin muny ýanyňda saklap ýörsüň? Men saňa «Ýagşylyk eden kişiňden äge bol!» «Ýagşylyk eden kişiňden gaçarak dur!» diýip telim ýola aýtdym ahyryn!

– Begim, onuň şuguly meni size gowşurdy. Onsoň men onuň günäsini geçmeli boldum.

– Ýok, ýok, seni maňa bu aýýaryň şuguly däl-de, Allatagala gowşurdy, seni ýazgyt gowşurdy.

Altynjan näme diýjegini bilmän dymdy:

– Eý, bidöwlet, gel ýanyma! – Soltan gazap bilen Haldana elini galgatdy. Soňam ýanyndaky haşymlaryna ýüzlendi: – Tutup, ýanyma getiriň ol pälazany!

Haldany atdan düşürip, südenekledip soltanyň huzuryna getirdiler. Haldan gorkudan ýaňa göm-gök bolupdy. Titreýärdi. Ýetişibildiginden soltandan bir çemçe ganynyň geçilmegini soraýardy.

– Ýalan sözleseň, jezaň has çökder boljakdygyny bilýänsiň. Şu haty näme üçin ýazdyň?

– Ybraýym beg öňüňizden çykyp garşylamak isleýärmiş, soltanym. Ybraýym begi begendirmek isledim, soltanym...

– Soltandan bidin hiç hili habaryň ugradylmaly däldigini, eger ugradylsa, şol habary ugradan adamyň kellesiniň alynýandygyny bilýärmiň?

– Bilýärin, soltanym, bilýärin.

– Şadyky seniň eden bu işiňden habarlymy?

– Habarly, soltanym, habarly.

Soltan töweregine garanjaklady.

– Diwany beridiň sahyby Şadyky nirede?

– Men bärde – diýip, ala-mula atly[3] sahyp seslendi.

– Bu kepderi saňa tanyşmy?

– Biziňki, soltanym.
– Hatdan habarlymyň?
– Hatdan habarym ýok, soltanym.
– Her kepderiniň berkden berk saklanylmalydygyndan sen, nä, habarsyzmy?
– Habarly, soltanym.
– Onda näme üçin bu kepderini Hemedana ugratdyň?
– Haldan bu kepderini berid diwanyndan Altynjan melikäniň tabşyrygy boýunça aldy.
– Näme, näme? – Altynjan hatyn bu habara ör-gökden geldi.
– Belki, haty-da Altynjan hatyn ýazandyr? – diýip, Togrul soltan ýaňsyly gürledi.
– Dogry, dogry. Men Altynjan hatynyň tabşyrygyny ýerine ýetirdim – diýip, Haldan sakawlady.
– O nähili tabşyryk?
– Men Altynjan hatynyň ýaz diýen zatlaryny ýazdym. Men buýrugy ýerine ýetirdim. Mende günä ýok, soltanym.
– Gapyl! Şu pursatdan başlap men seniň soltanyň däldirin! Sen bir eden etmişiňi az görüp, ýalan sözläp, ikinji etmişi-de etdiň...
– Men ýalan sözlemeýärin. Men hakykaty aýdýaryn.
– Anuşirwan!..
– Lepbeý, soltanym.
– Diwany berid saňa degişli. Bu pelide tohum-tiji bilen özüň jeza ber. Ählisiniň kellesini diwany beridiň otagynda bir hepdeläp asyp goýuň. Goý, çaparlara, askudarlara, permanberlere göz bolsun. Şadykyny ýigrimi gamçy uruň! Goý, sapak bolsun! Goltugynda ýylan saklamasyn! Onsoňam walydaňy göwnühoşlukda saklagyn. Her gün meýlis gura, awa çykyň!
– Barybir, siz gelýänçäňiz walydamda rahatlyk bolmaz – diýip, Anyşirwan misgin ýylgyrdy.
Soltan kepderiniň boýnuny sogrup, eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi-de, Hemedana sary ýola rowana boldy.

### 2.

Kabyl Altynjanyň ýeke-täk arkadaýanjydy: hem hajybydy, hem serkerdesidi, hem jandarlarynyň sahybydy, hem nedimidi. Häzir Kabylyň ýoklugy bildirýärdi. Sebäp Kabyl ýanyndaka Altynjan özüni gaty arkaýyn duýýardy. Möhüm mesele ýüze çyksa, onuň bilen pikir alyşýardy. Kabyl uýasyna teselli-göwünlik bermegi, onuň göwnüni götermegi başarýardy.
Altynjan soňky günler işdäden kesilipdi: uzynly gün hiç zat iýmeýärdi. Uzynly gije gözüne uky-da gelmeýärdi. Onuň aňyndan Muhammet Togrul soltan aýrylanokdy.
Anuşirwan şol günler Altynjanyň ýanyndan aýrylmady, ol käbesiniň göwnüni awlamak üçin gaty yhlas etdi. Her gün özüniň ykta ýerlerini, olaryň çäklerini howlukman gürrüň berdi, Merw kagyzynyň ýüzüne çyzyp görkezdi.
Öwünmekde üýtgeşik bir lezzet bar. O lezzeti kim bilmese-de, Anuşirwan bilýärdi. Öwündigiçe galkyjaklaberýärdi. Ol ýygnan baýlyklary hakda gürlemekden ýadamaýardy. Bu hakda gürledigiçe gürläsi gelýärdi.
Onuň öwünmelerinden mydama süýji lezzet alan Altynjan soňky günler şol lezzeti alyp bilenokdy. Onuň aňy Hemedana gidenlerdedi.
Gidenlerden şindem habar-hatyr ýokdy.
Altynjan uzynly gijäni ýere diň salyp geçirdi. Ol her menzilden on-on bäş aty ätiýaçdan goýmagy tabşyrdy.
Dört günden soň Altynjan Kabylyň atynyň aýagynyň sesini eşitdi.
Dessine Anuşirwanyň, Kundurynyň, wezir-wekilleriň – soltanlygyň harby geňeşiniň agzalarynyň yzyndan adam iberdi.
– Hemedandan möhüm habar geldi. Soltanyň kabulhanasynda harby geňeşiň gyssagly mejlisini geçirmeli!
Harby geňeşiň agzalary ýygnanyşdy.
Ähli geňeş agzalary içerde soltanyň karargähindedi, diňe Altynjan daşardady, ol Kabylyň gelerine garaşýardy.
Amydylmülk Altynjanyň ýanyna geldi:

– Altynjan melikäm, köşkde menden gizlin habar bolmaly däl. Nähili habar bolsa-da, ony, ilki bilen, maňa aýt.
– Entek bilemok. Hemedandan näme habar getirilendigini meniňem bilesim gelýär, wezir. Şol isleg bilenem, ynha, şu ýerde durun!
– Siz biziň yzymyzdan çapar gönderip, hemmämizi şu ýerik jemlediňiz. Indem: «Hiç zat bilemok» diýýärsiňizmi?
Altynjan hatyn alysdan gelen üç atla bakan ümledi:
– Habary şol gelýän atlylar aýdar.
Üç atlynyň biri Kabyldy, hana, ol sag-salamat geldi. Iň esasy zat, jany sag. Galan zatlaryň bir hasaby bolar. Ýöne olaryň bolup gelşi hoş habar bilen gelýäne-hä meňzänok. Juda wajyp habar bolmasa, atlary beýdip çapdyrmak zerurlygy ýok ahyryn! Olar Altynjanyň ähli zatdan beter heder edýän habaryny getirýäne meňzeýärler.
Kabyl atdan towsup düşdi-de, duranlar bilen ýekän-ýekän salamlaşdy. Habaryny aýtmak üçin Kundurynyň ýanyna bardy, Kundury üm bilen Altynjany görkezdi. Şondan soň Kabyl Altynjana ýüzlendi:
– Düşünýärin, düşünýärin, gorkma, soltanyň jany sag. Aňyňdaky ýaramaz pikiriňi aýyr.
Bu habary eşiden Altynjan ýeňil dem aldy.
– Näme boldy?! – diýip, Kundury odandy.
Kabyl bolan zatlary gysgaça gürrüň berdi.
Onuň habaryny diňlän Kundury depesinden agyr ýük urlan dek ýegşerildi, naýynjar nazaryny Altynjana gönükdirdi:
– Hatyn, siziň çakyňyz dogry çykdy.
– Bize garaşyp durlar. Ýörüň, adamlaryň ýanyna baralyň – diýip, Altynjan lapykeç dillendi.
– Käbäm, biraz saklanyň! – diýip, wezir Anuşirwan alakjady. Altynjan hatynyň öňüne geçdi. – Biz häzir adamlaryň ýanyna barmaga howlukmalyň. Men, Amydylmülk hem siz – üçimiz meseläni öz aramyzda çözeliň, geňeşe anyk pikir bilen baralyň.
– Bize garaşyp otyrlar!..
– Kim?.. – Anuşirwan geň galyp sorady.
– Ähli wezir-wekiller, diwany wezaratyň adamlary.
– Garaşanlarynda näme, goý, garaşsynlar!
– Olary çagyryp, soňundan garaşdyrmak gelşiksiz bolar.
– Biz nirede garaş diýsek, olar şol ýerde-de garaşarlar. Islesek, biz olary zyndanda-da garaşdyryp bileris. Oturybersinler, ilki üçimiz bir çukura tüýküreliň.
– Wezir Şerefeddin Anuşirwan (Halyf oňa ýakynda «Şerefeddin» diýen at beripdi) örän dürs aýdýar. Biz geňeşe anyk pikir bilen baralyň. Ol ýerde herimiz bir zat diýsek, akyl satjak köp bolar. Bize akyl gerek däl! – Amydylmülk öz egindeşiniň pikirini oňlady.
– Käbäm, siz Kabyl bilen biraz salym gürleşiň. Oňa çenli biz Kundury bilen bir ýerik baryp geleli.
Altynjan Anuşirwanyň bolşuny geňledi. Sebäbi onuň bolşy diýseň geňdi, syrlydy, aljyraňňydy. Onuň bolşunda hiç hili gynanç alamaty ýokdy, gaýtam, ol toý aladalary bilen başagaý kişä meňzeýärdi. Ökjesi ýeňil gopýardy.
Kundury bilen Anuşirwan Altynjandan anyk jogaba-da garaşman tirkeşip wezirler diwanyna bakan gitdiler. Altynjan olaryň yzyndan garap galdy. Olar: «Derrew geljek» diýip giden-de bolsalar, esli wagtlap gara bermediler.
Olar iki bolup giden-de bolsalar, gelende diňe Anuşirwan geldi. Ol biçak galagopludy, aljyraňňydy.
– Hany, Kundury?
– Ol häzir geler… – diýip, Anuşirwan sowuk, başdansowma jogap berdi.
– Ol näme üçin gelenok?
– Kundury meniň siziň bilen ýekme-ýek düşünişmegimi isleýär.
– Nämäni düşünişmeli?
– Men häzir hemmesini düşündirjek, käbäm enem. Siz meni diňläň
– Näme?!
– Men açyk aýtmak isleýärin.
– Ikimiz şu güne çenli diňe açyk gürrüň etdik dälmi näme?
– Dogry, ikimiz şu güne çenli diňe açyk sözleşdik. Ýöne bu günki aýdyşjak zadymyz hasam açyk bolmaly. Kundury meni siziň dergähiňize ýörite gönderdi, ol ikimiziň bir pikire gelmegimizi isleýär.

– Togrul soltanyň häzirki zyndanda oturan pursadynda ony halas etmekden başga nähili möhüm gürrüňiň bolup biljekdigine meniň-ä akylym çatanok.

– Häzir düşündirsem, ähli zat ýerbe-ýer bolar.

– Aýt!

– Aýtsam, mähriban käbäm, adam bu gerdun panyda myhman. Bu pelege baky gelýän adam ýok. Soltan-da bolsaň, akyldar-da bolsaň, deňsiz-taýsyz peri-peýker-de bolsaň, bu gerdun pelekden gitmeli.

– Bu sözleriň meniň üçin täzelik däl, aýdyber, aýdyber.

– Aýtsam, mähriban käbäm, Muhammet Togrul soltan Haktagalanyň halan adamydy. Ol ýigrimi ýyldan gowrak wagtlap patyşa boldy, soltan boldy. Bu ähli kişä miýesser edýän zat däl. Bu Haktagala ýalkanda şeýle bolýar.

– Näme, näme? Aýdýan zatlaryň näme seniň? Sen näme üçin: «Togrul soltan Haktagalanyň halan adamydy» diýýärsiň?

– Käbäm, baky adam ýok.

Altynjan daşarda ot ýakyp, daşyna egele bolup oturan serkerdeleriň ýanyna bakan ylgady. Baryp, oduň başyndakylaryň arasyndan Kabyly bir çete çekdi.

– Uýam, näme boldy?

– Togrul bege näme boldy? Ol şehit boldumy?

– Ýok, ýok.

– Sen menden gizleýän bolaýma?! Hernäçe ajy-da bolsa, maňa hakykaty aýt.

– Men hakykaty aýtdym, isleseň, ýene gaýtalaýyn.

– Sen Anuşirwana başga zatlar aýdan bolaýma?

– Altynjan, men habarymy aýdanymda ýanymda üç adam bardy: Kundury, Anuşirwan hem sen! Meniň Anuşirwan bilen aýratyn gürrüň etmändigime sen gözli şaýat ahyryn!

Altynjan ýanyna gelen Anuşirwana şübheli garady:

– Men saňa düşünemok, oglum.

– Men size ähli zady düşündirjek welin, siz meni diňläňzok.

– Hany, näme aýdasyň gelýän bolsa aýt.

– Ilki bilen, birki soragym bar, käbäm.

– Sora.

– Men bihal ýigitmi?

– Hudaýa şükür, sen bihal ýigit däl.

– Eger haýsy-da bolsa bir ýurda patyşalyk etmeli bolsam, oňararynmy?

– Elbetde, oňararsyň.

– Çagry begiň, onuň ogullary Kawurdyň, Alparslanyň maňa garaýşy nähili?

– Hudaýa şükür, seljuk begleri seni gowy görýärler.

– Olar maňa garşy gylyç göterermi?

– Juda bir çökder etmiş etmeseň, olar saňa garşy çykmasalar gerek.

– Dogry aýdýarsyňyz, käbäm. Meni Çagry beg biçak gowy görýär. Meni Gutulmyş beg-de gowy görýär. Alparslan bilen-ä men edil dogan ýaly.

– Soragyň gutardymy? Sen näme üçin Togrul begi azat etmek barada däl-de, başga-başga zatlar barada soraýarsyň?

– Meniň ýene bir sowalym bar.

– Sora.

– Siz maňa çagakam hossar çykdyňyz. Maňa baba ýerinde baba, ene ýerinde ene bolduňyz. Meni hiç bir zada myzahar etmediňiz. Gaýtam, meni bolçulygyň, bagtyýarlygyň içinde uçmahy ýaşatdyňyz. Maňa ömrüňizi bagyş etdiňiz. Meniň her bir üstünligime ýürekden guwandyňyz. Yhlas edip, maňa üç dil öwretdiňiz. Yhlas edip, maňa söweş tilsimlerini öwretdiňiz. Siz üstüme abanan bela-beterlerden, perişde bolup, meni goradyňyz... Men bu zatlary gaty gowy bilýärin.

Altynjan geňirgenme bilen Anuşirwany boýdan-başa synlady:

– Göwnüme bolmasa, sen soltanyň tagtyna göz gyzdyrýarsyň.

– Tagtda kimdir biri oturmaly bolar ahyryn?!

– O näme üçin: «Kimdir biri» diýýärsiň? Tagt Togrul begiňki.

– Dawam ýok. Dogry aýdýarsyňyz, tagt Togrul begiňki, ýöne, hernäçe islesegem, hernäçe gynansagam, baky adam, baky patyşa ýok. Bu pelek – gerdun pelek. Munda durup bolanok. Gelen gitmeli pelek bu. Men

size düşünýärin. Siz Togrul begiň garrandygyny, onuň indi bu pelekden gitmelidigini boýun almak islemeýärsiňiz, ýöne gerdun pelek hiç kimden ýüz görenok.

– Men seniň matlabyňa düşündim: sen tagt isleýärsiň!

– Hawa, hawa, hawa, men tagt isleýärin. Men patyşa bolmak isleýärin. Men soltan bolmak isleýärin, çünki tagtdan başga ähli zat mende bar. Mende diňe tagt ýok. Eýsem meni şu küýsege, şu derejä ýetiren siziň özüňiz dälmi? Eýsem meniň başarnyk babatda Togrul soltandan ökde bolmagym üçin yhlas eden siziň özüňiz dälmi? Eýsem meniň Togrul soltandan ähli babatda rüstem bolmagymy islän siziň özüňiz dälmi? Näme, men bu zatlara düşünen däldir öýtdüňizmi?

– Gepleme!

– Ýok, indi meni saklamaň, käbäm! Rast, başlanyma görä, ähli zady aýdaýyn. Men özümiň kimdigime gaty gowy düşünýärin. Men – Altynjan hatynyň ruhy. Men – Altynjan hatynyň Togrul soltana göz etmek üçin, gözüne basmak üçin döreden başarnygy. Men – Altynjan hatynyň içki dünýäsi. Men – men däl, men Altynjan hatynyň erkek kişi bolup, ikinji gaýtalanmasy...

– Buýurýaryn, gepleme! Sen meniň içki dünýäm, ikinji gaýtalanmam däl. Ýok, sen meniň ruhum däl. Sen meniň ruhumdan, içki dünýämden daşda, özem gaty daşda.

– Ýok, men daşda däl. Siz öz içki dünýäňizi, öz gaýtalanmagyňyzy ykrar etmäge gaýrat tapyp bileňzok. Mert boluň, walydam.

– Sen ýowuz!

– Ýowuzlyk – Altynjan hatyn!

– Anuşirwan, jigerim, beýdip örteme meni.

– Hakykaty boýun almaga sizde häzir gaýrat ýetenok. Meniň aýdýan sözlerimiň hakykatdygyny ýüregiňiz ykrar edýär, aňyňyz welin, ykrar ederden ejiz gelýär!..

– Gepleme, «gepleme» diýýärin men saňa!

Altynjanyň sesi uzaklara ýaýrady. Şondan soň Anuşirwan gürlemedi.

* * *

**Kund**urynyň emir Ärdeşir Magmarany bilen nämedir bir zadyň gürrüňini edip durandygyny gören Altynjan hopukdy, soltany halas etmegiň özüne kyn düşjekdigini aňdy. Ol ikisiniň näme hakda gürrüň edendigi Altynjana aýandy. Herhal, ol sesini çykarman geňeşiň başlanjak ýerine – Togrul soltanyň salamlygyndaky geňeş geçirilýän otaga – karargähe bardy. Ol ýere ýygnanan wezir-wekiller, serkerdeler irkilişip otyrdylar.Geňeş sust başlandy.Kundury oturanlara ýüzlendi:

– Ybraýym ynal Togrul soltany, Süleýman mäligi hem Gutulmyş begi ýesir alypdyr, ýanyndaky esgerlerini, haşarlaryny, haşymlaryny öldüripdir, goşundan diňe üç kişi – Altynjan hatynyň dogany Kabyl hem iki sany jandar diri galypdyr. Indi biz näme etmeli? – Kundury oturanlara nazar aýlady. Oturanlar üçin bu habar düýpden garaşylmadyk habardy.

– Ybraýym nädip het edip bildikä? Ol soltany toýa çagyrdy ahyryn?!

– Soltan oňa, gör, näçe ýagşylyklar etdi. Ýagşylyga – ýamanlyk! Öň garşysyna baş göterip, goşun sürende Togrul soltan ony öldürmedi. Gaýtam, özüne wezir belledi. Wizantiýa kaýsary ýesir alanda dünýäniň baýlygyny pidýe töläp, azat eýledi, ýogsam Wizantiýanyň yzgarly zyndanynda çüýräp galmalydy.

– Soltan ondan Jebel sebitini yzyna gaýdyp aldy welin, şoňa gahar eden bolýandyr ol.

– Jebel oňa bahana, onuň päli düzüw däl!

– Dogry, onuň yktasy köp-ä! Soltan oňa gaty köp ýerleri berdi. Hiç kimde onuňkyça köp mülk ýok.

– Soltana garşy çykmak – Hudaýa garşy çykmak!

– Baýlyk, hedýe-engam, mal-mülk berip adamy razy edip bolmajak eken. Ýogsam Togrul soltan Ybraýyma eçilmek eçildi. Kanagatda çäk ýok eken...

– Häzir anyk gürrüň edeliň – diýip, Mübärek han Ärdeşir Magmaranynyň al-petinden aldy. – Anyk bir netijä geleliň.

– Mübärek hak aýdýar, har-hamyr gürrüňleri häzirlikçe soňa goýalyň, boljak iş bolupdyr. Indi biziň öňümizde durýan wezipe näme? Hany, aýdyň, biz näme iş edeliň, sahyplar?! – Kundury gygyrybrak gürledi. – Ýagdaýa dogry baha bermegimiz gerek. Soňky bir-iki ýyl bäri Ybraýymyň hamdy hem sahawaty artyk.

– Ybraýymda elli müň atly goşun bar bolsa, biz ýüz elli müň atly goşunam ýygnap bileris – diýip, Altynjan janykdy.

– Jemlänimizde näme?! Biz Ybraýymyň üstüne goşun çekip baryp bilmeris.

– Näme üçin?

– Altynjan hatyn, Ybraýym beg bilen Togrul soltan ikisi dogan. Biz olaryň dawalaryna goşulsak, yzy erbet bolar. Biz bärden goşun sürüp barsak, gahar edip, Ybraýymyň Togrul soltany öldürmegi mümkin. Netijede, soltanyň öldürilmeginiň sebäpkärleri biz bolarys. Onsoň bu etmişiň aşagyndan ömürboýy çykyp bilmeris. Men-ä bu jogapkärçiligi üstüme alyp biljek däl.

Anuşirwan Kundurynyň pikiriniň üstüni ýetirdi:

– Onsoňam bize soltanymyzdan hiç hili görkezme ýok. Görkezme bolmasa, biz Hemedana baryp bilmeris. Sebäbi bu barada soltan baş wezire açyk aýtdy. Onuň aýdan sözlerini ähliňiz eşitdiňiz.

– Soltanyň görkezme bermäge ýagdaýy ýok, sebäbi ol tussagda. «Soltandan görkezme ýok» diýmek – soltany halas etmezlige, hawa, soltany halas etmezlige bahana. Soltanyň düşen güni bizi haýdan-haý Hemedana ugramaga borçly edýär. Bahana agtarmalyň, adamlar! Kabylyň habary bize ýeterlik.

– Kabylyň gepine ynanyp, goşun sürüp barsak, soltanyň gahary geler, ählimiziň kellämizi ýatagandan geçirer! – Anuşirwan sesine bat berdi.

– Onda näme etmeli? – diýip, emir Ýagysyýan töweregine garanjaklady.

– Ybraýym bilen darkaş gurjak bolmalyň. Ol juda rehimsiz adam. Onuň biziň ählimizi öldürmegem mümkin. Gerek bolsa, Ybraýym ynalyň hormatyna metjitlerimizde hutba okadalyň – diýip, Kundury geňeşi jemlemäge çalyşdy.

– Merwden Çagry begi, Sistandan Togrul soltanyň ogullygy – Alparslany, Kermandan Gurdy, Anadoly serhedinden Ýakudy geňeşe çagyralyň, Çagry begiň uly ogly Gurdy özümize soltan saýlalyň. Sebäbi Gurt Çagry begiň uly ogly. Ata-baba resimi boýunça miras uly ogla düşýär.

– Onyň dogry, ýöne Gurdy tagta geçirmek gowy çykalga däl – diýip, Kundury Erdeme garşy çykdy.

– Näme üçin gowy çykalga däl?

– Gysgançdan ýabgu bolmaýar. Ol saçagyna hiç haçan guzy ýa çebiş getirilmegine rugsat bermeýär. «Guzy we çebiş bir adamyň nahary, haçan-da bir ýaşasa, ondan ýigrimi adamyň nahary bolar, ony bakyp ulaltmak üçin artykmaç zähmet gerek däl, sebäp ol oty düzden iýip ulalýar»[4] diýýär. Şonuň üçin gassaplary naharen we jeharen (açyk we gizlin) gassaphana baryp bilmeýär. Allatagala gysganja rysk bermeýär. Patyşa welin, ryskly adam bolmaly. Gurt patyşa bolsa ýurduň berekedi gaçar. Çünki Allatagala ýurduň ryskyny patyşa görä berýär.

– Näme üçin Gurdy soltan saýlamaly? Soltanymyz Çagry begiň ogly Süleýmany mirasdüşer şazada belledi, muny hemmämiz bilýäris. Togrul soltan Süleýman bege mydama uly umyt baglaýardy. Häzir Süleýman begi soltan diýip yglan etsek, Ybraýym pälinden gaýdar. Sebäp ol Çagry begiň garşysyna çykyp bilmez, onuň bilen döwi deň gelmez onuň – diýip, emir Ýagysyýan ýumrugyny galgatdy.

– Soltan Togrulyň başyna düşen kysmat şazada Süleýmanyň başyna-da düşdi. Ol hem häzir Hemedanda, Togrul beg bilen bilelikde Ybraýym begiň tussagy. Onuň ýagdaýynyň häzir nähilidigini biz takyk bilmeýäris. Şonuň üçin häzir şazada Süleýmanyň gürrüňini etmäliň. Rast Togrul soltanyň iň gowy gören adamyny soltan göterjek bolsak, onda Kunduryny ýa Anuşirwan ibn Tümeni soltan götermeli – diýip, emir Ärdeţir Magmarany Altynjan hatynyň ýüzüne bakdy.

– Men bolmaýyn, goý, Anuşirwan bolsun! Anuşirwana Alparslanam, Çagry begem uly hormat goýýar. Gutulmyş beg hem Anuşirwany hormatlaýar – diýip, Kundury howlukmaç gürledi.

– Kundury örän dogry aýtdy: Anuşirwan beýik wezir. Ol diýseň başarjaň! Biziň aman galmagymyz, ilkinji nobatda, Ybraýym bilen ylalaşygymyza bagly. Bizi aman alyp galyp biljek – Ybraýym bilen düşünişip, onuň dilini tapyp biljek ýeke-täk adam bar. Ol adam – Anuşirwan ibn Tümen. Anuşirwan Ybraýym bilenem ylalaşyk gazanar. Ybraýym Anuşirwana mydama uly hormat goýýardy. Kundury bilen oňuşmadyk gezekleri bolýardy. Her gezek Ybraýymyň gahary gelende ony Anuşirwan köşeşdirýärdi. Şonuň üçin häzir wagtlaýynça Anuşirwany özümize soltan saýlalyň. Anuşirwan Ybraýym ynalyň ýanyna gitsin. Onuň bilen düşünişsin. Ybraýym bilen ylalaşanymyzdan soň bu meselä gaýdyp geleris – diýip, Ärdeşir Magmarany peträp duran gözlerini oturanlara aýlap çykdy.

Geňeşiň agzalary üç topara bölündi. Birinji topar täzelik isleýärdi. Bu topar Togrul soltandan başga bir kişiniň tagtda oturmagyny isleýärdi. Sebäbi bu topara girýänleriň Togrul soltandan göwünleriniň galan ýerleri bardy.

Ikinji topar ikirjiňlenýän topardy. Bu topara girýänler ýalňyşmazlyga çalyşýardylar, şonuň üçinem seslerini çykarman otyrdylar.

Üçünji topar Dogurga Merweziniň, Mübärek hanyň, Altynjanyň toparydy. Bu toparyň adamlary tagtda ýene Togrul begiň oturmagyny isleýärdiler.

Harby geňeş agzalarynyň aglabasy – birinji hemem ikinji topar birleşdi, olar sähel salymda: «Wezir Anuşirwany wagtlaýynça soltan götermeli» diýen pikiri oňlady:

– Anuşirwan wezir soltan bolsun – diýip, Hapban Endikäni gygyrdy. Beýlekiler hem onuň sözüni gaýtaladylar:
– Anuşirwan wezir soltan bolsun!
– Anuşirwan wezir soltan bolsun!
– Anuşirwan wezir soltan bolsun!
Altynjan gazap bilen ýerinden turdy:
– Kimiň-kimdigi başa iş düşende belli bolýar eken. Siziň ähliňiz Muhammet Togrul soltanyň ýanynda özüňiziň wepadardygyňyz, oňa şirin janyňyzy rowa görmäge taýýardygyňyz barada ant içdiňiz, şeýdibem soltanyň ynamyny awladyňyz. Niçik soltan apata uçrady welin, siz ony halas etmek barada hiç hili pikir etmezden öz janyňyzy Ybraýymdan aman alyp galmagyň kül-külüne düşdüňiz. Men siziň ähliňiziň sözüňizi mukyt diňledim. Siz soltany azat etmegiň ýoluny gözlejek bolmadyňyz! Haýp! Size soltanyň ynamy haýp! Size soltanyň beren duzy haýp! Size soltanyň beren baýlygy haýp! Size soltanyň ynanan beýik-beýik derejeleri haýp!
Dogurda Merwezi ýerinden turdy, oturanlara nazar aýlady:
– Men Anuşirwanyň gaýynatasy. Men onuň başarjaňlygyny, ökdedigini bilýärin. Onuň patyşa bolmagyny-da isleýärin. Ýöne Togrul soltanyň öňündäki borjum, ähtim meniň bu islegime garşy çykýar. Şonuň üçin hem men Anuşirwanyň tagta geçmegini goldap biljek däl. Biz howlukmalyň. Togrul begi halas etjek bolalyň! Altynjan naýybyň janykmasy örän dogry…
Dogurga Merwezini hormatlaýardylar, ýöne bu mahal onuň sözüne köpler pisint etmedi.
Hapban Endikäni, Ärdeşir Magmaryny Anuşirwanyň tagta geçmegini isleýärdi.
Bu islege Kundury garşy däldi.
Kundurynyň pikiri – esasy pikirdi.
Çünki ol baş wezirdi.
Hapban Endikäni:
– Anuşirwan — biziň patyşamyz! – diýdi.
Ärdeşir Magmarany:
– Anuşirwan, tagta geç! – diýdi.
Kundury:
– Men garşy däl! – diýdi.
– Düşümli bolsun!
– Anuşirwan, öz ýeriňe – patyşalyk tagtyňa geç!
– Anuşirwan, öz mynasyp ýeriňde otur.
Patyşa bolmak hiç wagtam aňsat bolan däldir. Mundan beýlägem aňsat bolmasyn gerek, ýöne häzirki pursatda welin, Anuşirwan hiç bir päsgelçiliksiz, hiç bir kynçylyksyz, aňsatlyk bilen, öz-özünden patyşa göterildi oturyberdi. Boljak bolsa, şeýle aňsatlyk bilenem patyşa göterilip bolýan eken!
Eger Altynjan garşy çykmasa, onda Anuşirwan ibn Tümen ýedi yklymyň soltany bolmaly!
Geňeşdäki wezir-wekiller, serkerdeler Anuşirwany patyşa saýlanmagy bilen mübärekleýär.
Onuň patyşalyk tagta geçmegini isleýärler!
Onuň başyna soltanlyk täjini geýdirmek isleýärler!
Anuşirwan eda bilen ýerinden turup, keremara ýöräp ugrady. Onuň tagta tarap gönügendigini gören Altynjan gazap bilen ýerinden turdy:
– Saklan! Otur ýeriňde!
Lalasynyň gazaply nazaryna nazary düşen Anuşirwan saklandy, öňe ýöremäge aýgyt edip bilmedi: yzyna öwrüldi-de, ýerine geçip oturdy.
Kundury Altynjana ýüzlendi:
– Merhemetli Altynjan hatyn, siz näme üçin öz ogluňyza garşy çykýarsyňyz? Kyblaýy älemimiz bolan Togrul soltanyň gaýdyp gelmejekdigi, tagtynda oturmajakdygy ähli kişä aýan hakykat ahyryn!
– Muhammet Togrul soltan geler, hökman geler, tagtynda-da oturar.
– Togrul soltandan döwran geçdi. Biz oňa erbet soltandy diýmeýäris, ýöne hakykata ajy bolsa-da, göz ýetirip bilýän adamlar biz. Togrul soltan gowy soltandy, özem beýik soltandy.
Oturanlar emir Kundurynyň sözüni unadylar:
– Togrul soltan beýik soltandy.
Kundury oturanlara ýüzlendi:
– Merhemetli wezirler diwanynyň mertebeli agzalary, geliň, ýeke-ýekeden her kim öz pikirini aýtsyn, pikiri diňlenilmedik adam galmasyn. Aýdyň, haýsyňyz haýsy pikirde? Emir Magmarany, ilkinji söz seniňki.
Ärdeşir Magmarany töweregindäkilere birlaý nazar aýlady:

– Belent mertebeli başlyklarbaşy Amydylmülk! Men seljuk soltanatynyň, has anygy, Togrul soltanyň sadyk guly. Soltan näme emir etse, men öz şahsy pikirime seretmesizden, tabşyrygy gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirerin. Togrul soltan Hemedana ugramakçy bolanda biziň ygtyýarymyzy baş wezir, başlyklarbaşy Kundura – size ynanyp gitdi. Şeýle bolansoň, Kundury maňa näme buýursa, men onuň buýrugyny gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirerin.

– Adamlar, Altynjan hanyň aýdyşy ýaly, biz näme üçin Togrul soltany azat etmek barada pikir etmeýäris? – diýip, Mübärek han oturanlara nägilelik bildirdi. – Biz Togrul soltany azat etmek barada oýlanalyň. Çykalga gözläliň. Dürnazar, sen näme üçin dymýarsyň?

Emir Dodurga, siz aýdyň?

– Men pikirimi aýtdym, pikirimi hiç wagt üýtgetmerin.

– Uhjury han, siz aýdyň!

– Men Altynjan naýybyň pikirinde.

– Ysmaýyl han, siz aýdyň.

– Baş wezir näme buýursa, men onuň buýrugyny ýerine ýetirerin.

– Emir Bu-l Kasym! Siz hem aýdyň!

– Köplük näme diýse, men şol tarapda.

Dürnazar göwünli-göwünsiz ýerinden turdy:

– Byradarlar, men ýaşan ýaşymy halal ýaşadym. Nesip bolsa, Hudaýyň mundan buýanky berjek ömrüni-de halal ýaşaryn. Men Anuşirwany hatyralaýaryn, ýöne onuň olaryň tagt hakdaky howlukmaçlygyny oňlamaýaryn. Men Togrul soltany doganymdan hem ýeg hasaplaýaryn. Altynjan, sen Togrul soltany azat etmek barada aýtdyň. Şu maksadyň amaly üçin men näme iş etmeli bolsa, şirin janymy bermeli-de bolsa taýýardyryn.

– Emir Ýagysyýan, sen nähili pikirde?

– Merhemetli başlyklarbaşy, siz näme diýseňiz, men şony ýerine ýetirerin.

– Erdem han, sen aýt!

– Ýagysyýan hanyň aýdyşy ýaly, siz näme diýseňiz, men şony-da ederin. Meniň on müň ylgary esgerlerim söweşe taýýar.

Altynjan wezirleriň, sahyplaryň özüne duşmançylyklarynyň ýokdugyny, ýöne olaryň çykalga tapmaýandyklaryny – ýalňyşmajak bolup ýalňyşýandyklaryny aňdy. Olar soltanyň doganynyň üstüne çozuş etmekden hemem öz üstüne köp mukdardaky atly goşunyň gelýändigini görüp, gorkusyna soltany öldürmeginden galawut edýärdiler, doganlaryň dawalarynyň arasyna goşulman, biraz garaşmak isleýärdiler. Muhammet Togrul soltan: «Siz näme üçin meniň permanym ýokka Hemedana çozuş etdiňiz?» diýse, oňa wezirler näme jogap bersin? Soltanyň gaharyny getirmekden Hudaý saklasyn. Soltanyň gahary gelende onuň nämeleri edýändigini kim bilmese-de, wezirler hem hanlar bilýär.

Togrul soltan dogany Ybraýymyň ýanyna gidende wezirleriniň, serkerdeleriniň köpüsini goýup gitdi ahyryn. Ýogsam onuň bilen Anuşirwanam, Erdemem, Ýagysyýan hem, Kundury hem gitjekdi. Ol Dürnazary-da goýup gitdi. «Men gelýänçäm siz köşkde boluň!» diýip, ýörite tabşyryp gitdi. Ol köplenç emirlerini ýany bilen äkidýärdi. Ýöne bu sapar äkitmedi. Onsoň onuň izini ýokka Hemedana gidip bolmaz. Kabyly ugradan Togrul soltan däl. Soltan islese kömek sorap, nyşanyny – gyzyl peýkamyny bir adamdan Bagdada iberenerdi. Ýeke adam hem Togrul soltanyň habaryny – nyşanyny Bagdada getirmedi. Diýmek, kömek gerek däldir. Doganlar öz aralarynda ylalaşjakdyrlar.

Altynjan ähli jogapkärçiligi öz boýnuna alsa, Kundury ähli zada razydy. Ýöne Altynjan hem ähli jogapkärçiligi boýun almaýardy. Ol ähli işi Kundurynyň üsti bilen etmek isleýärdi.

– Biz Togrul soltandan degişli perman gelýänçä garaşmakçy. Ine, biziň gelen netijämiz — diýip, Kundury geňeşi jemledi:

– Mertebeli geňeş agzalary, şu ýerde men size özümiň bir syrymy açmaga mejbur boldum – diýip, Anuşirwan sözüne dyngy berdi. – Men soltan ýörişe ugramazyndan burun Dürnazaryň istihbarat umurysynda hasapda duryan jandary – aýyplaşmaň, olaryň sanyny men size aýtjak däl, onuň size zerurlygy-da ýok – diwanyma çagyryp açyk gürrüň etdim. Dürnazaryň ýanynda men olara şeýle tabşyryk berdim: «Eger bir erbetlik ýüze çyksa, göni Bagdada gaýdyň. «Gullukdan gaçyp gitdi» diýip size azar berilmez, sizi özüm goraryn» diýip, men olaryň ählisine soltanatyň ygtyýarnama tagmasyny berdim. Şol ygtyýarnama tagmasyny görkezseler, olary ýoldaky sakçy toparlary saklamaz. Meniň tabşyrygym boýunça ystyhbarat umurysynyň jandarlarynyň ikisi ertir daňdan gelmeli. «Agşamyň haýryndan, ertiriň şeri» diýip, oguz pähimi bar. Şu pähime eýerip, geliň, ertire çenli garaşalyň. Ertir jandarlaryň habaryny diňläris. Ana, şondan soň, biz gelen habara görä-de bolalyň. Şu pikiri niçik görýärsiňiz?

Bu pikiri geňeşiň agzalarynyň galabasy oňlady…

## On ýedinji hekaýat

## NAMYS GABYRDAN GALDYRAR

Müň dostdan bir duşman köp, ylaýta-da ol duşman güýçli, täsirli bolsa! Onuň güýjünden eýmenýän, onuň täsirinden çykyp bilmeýän dost-u-dost däl adamlaryň galabasy seniň garşyňa geçip, duşmanyňa öwrülýärler. Şeýle pursatlarda seni ýekeje wepadaryň halas edip bilýär, eger ony saňa Allatagala beren bolsa!

Adatça-ha adamda, hatda ol beýik Hökümdar bolsa-da, dost hem, duşman hem az, haýran galmaly möçberde az, çakyňdan az bolýar. Köplenç hem duşman az bolýar. Mähelläniň galaba köplügi bolsa ne gaýkylyk, ne-de küýkülik – aralyk toplum. Bu toplum sen ejiz gelseň, duşmanyňa, güýçli çyksaň, dostuňa öwrülýär. Kyn günüňde adama dost kömege ýetişýär. Hökümdaryň hakyky dosty onuň iň esasy artykmaçlygyna – häkimligine göz gyzdyrmaýan adam bolmaly! Bu bolsa durmuşda juda seýrek zat. Häkimlik etmek islegi adamyň iň güýçli küýsegi, yşgy. Ol söýgi yşgyndanam, baýlygyň, malyň yşgyndanam, şöhratyň-adyň yşgyndanam güýçli. Sebäbi onda bularyň üçüsi-de bar, birine ýetibilseň, galan üçüsi-de öz-özünden eliňe gelýär.

Emma häkimlik yşgynyň arzylylygy hem güýji ol üçüsiniň hatyrasyna-da däl. Ýok, onuň jadysy öz-özlüginde. Özüni bileli bäri adamzadyň baş matlaby Biribaryň sypatlaryna ýakynlaşmak. Allatagalanyň häkimlik sypaty adamzadyň telwasynda esasy orny eýeleýär. Diňe bir ýaşaýyş ugrundaky göreş – diri galmak, öz-özüňi goramak islegi däl, eýse häkimlik etmek islegi hem adamyň aňynda ýaşaýar, diňe adamda däl, barça janly-jandarda hem häkimlik etmek islegi bar.

Häkimlik etmek mümkinçiligi adamda aýratyn üýtgeşik duýgyny – onuň ähli kişiden artykmaçdygy duýgusyny döredýär. Özgeleriň erkiniň seniň erkiňe baglydygyny, özgeleriň ýaşaýşynyň seniň ýaşaýşyňa baglydygyny aňlamak yşgyň üýtgeşik bir görnüşi. Adam bu gerdun pelekde hem çarkandakly durmuşda ähli zatlary edinenden soň, häkim bolmak islegi örboýuna galýar. Bu islegiň amala aşmagy üçin ol elde baryny edýär. Bu isleginiň amaly üçin köp-köp kötel töwekgelliklere ýüz urýar, köp-köp şatylara, pidalara döz gelýär. Häkim bolmak islegi, megerem, adamyň gorky duýgusy bilen baglanyşykly bolarly. Ynsan şol bir wagtda hem özgelerden gorkýar, hem özgeler üçin, özgeleriň aladasyny edip gorkýar. Şu gorkynyň ikisini-de aradan aýyrmagyň alajy hökmünde ol häkimlige dalaş edýär, häkimligi gorkulary ýok etmegiň ýoly hökmünde duýýar. Arman, bu juda seýrek adamlara başardýar.

Anuşirwana welin başartmady. Hökümdar bolmak küýseginiň amaly üçin mähriban walydasynyň garşysyna durdy.

Daňdan Anuşirwanyň ýanyna ýörite çapar gelenmiş. Onuň habaryna görä, Ybraýym Seljukly Togrul begi öldürenmiş, onuň ýerine soltanyň weziri, ogullygy Anuşirwan ibn Tümen patyşa göteriljekmiş. Bu Togrul soltanyň iň soňky wesýetimiş. Şu mynasybetli şu gün dabara boljakdygy hakdaky myş-myş Bagdada doldy.

Şäheriň ilaty köçelere çykdy.

Myş-myşlar çyn bolup çykdy.

Köçeleriň gyralarynda haşamlar hatar bolup durdylar. Ýörite gullukçylar köçeleriň gyralarynyň owadan görünmegi üçin gyzyl-ýaşyl atlaz matalary bilen bezediler.

Köşgüň öňünde adam juda kändi.

Gün guşluk boluberende patyşanyň tagta geçiş dabarasy başlandy.

Iki ýüz sazanda saz çalýardy.

Gün hanyň neberesiniň reňkindäki – gara reňkli bedew atlary lagly-jowahyrlar bilen bezäp köşgüň öňüne getirdiler.

Bu ata täze patyşa – Anuşirwan ibn Tümen münmeli.

Ol eýýäm patyşa eşigini geýipdir. Eline üç altyn peýkam bilen ýaýy, başy bürgüt şekilli hasasyny alypdyr.

Ol ýuwaşja ýöräp salamlykdan çykdy.

Bagdatlylar ony şatlykly garşyladylar.

Anuşirwan ibn Tümeni – täze patyşany Kundurynyň başda durmagynda bedew ata mündürdiler. Ol Togrul soltanyň oturyşy deýin bir elinde hasasyny, bir elinde üç okuny hem ýaýyny saklap otyrdy.

Adamlara minnetdarlyk bilen baş atdy.
Patyşa tagtyna geçiş dabarasy başlandy.
Wezir-wekiller öňden ýöredi.
Täze patyşa olaryň yzyndan atly ýöredi.
Patyşanyň iki gapdalyndan, yzyndan gelýän adamlaryň-da yzy üzülenokdy.
Bagdadyň esasy üç köçesinden dabaraly ýöriş bilen geçdiler. Bu ýöriş uzaga çekdi. Herhal, ýöriş resimi hiç hili hadysasyz tamamlandy[1].
Köşge dolanyp gelen mähelle täze patyşany atdan dabara bilen düşürdi.

* * *

Altynjan Anuşirwanyň bu aýgydyny akylyna sygdyryp bilmedi, şeýlebir gaharlandy, şeýlebir gaharlandy, çiltenlerinden galan dokuz janpenasynyň maslahatyna eýerip gazabyny içine saldy, dymdy.
Ol nädip öz haremine gelendigini bilenokdy. Akylyna, huşuna gelende düşegiň üstünde ýatyrdy.
Hatyn öz naçarlygyny aglap ýeňýär. Altynjan aglap-da bilmedi. Asyl agysy tutanok. Ähli damarlary, megerem, daşa-demire dönen bolarly.
Ol petige seredip esli salym ýatdy. Hiç zat barada oýlanyp bilmedi, durmuşda nämä garaşsa-da, Anuşirwanyň öz garşysyna gitmegine garaşmandy.
Onuň göwnüne bolmasa, Anuşirwan nähilidir bir gizlin syry bilýän, şol syra hem arkaýynlanýan ýalydy.
Ýöne Altynjanyň berk ynanjy bardy: goý, nähili syr bolsa bolsun, Togrul soltan dirikä hiç kim onuň tagtyna geçjek bolmaly däl. Eger geçse, Altynjan onuň temmisini berer. Kim bolsa-da temmisini berer. Goý, ol öz mähriban Anuşirwany bolsun. Barybir, temmisini berer!
Ol birden ýerinden turdy: «Şeýle galagoply pursat ejizlik etmek, takdyra ten berip ýatmak saňa gelişmeýär, Altynjan! Eger öldüriljegiňi bilip-görüp duran-da bolsaň, maksadyňa ýetmek üçin göreş! Ýogsam seniň bahaň bir hepbedir! Sen Altynjan! Sen hakyky Altynjan bol! Sen soltan Mahmyt Gaznalydan patalysyň! Sen Togrul bege mynasyp hatyn bol!»
Altynjan gaýrata galdy: Ol göni diwany beride bardy. Çaparlar Altynjanyň içeri girenini görüp, güsürdeşip ýerlerinden turdular.
Otagyň ortarasynda Haldanyň kellesi asylgy durdy.
– Sahyp ýanyma gelsin!
– Hatyn, buýruň! – Şilliň uzyn, gawunkelle Şadyky Altynjanyň huzuryna geldi.
– Sistana – Alparslanyň ýanyna çapar göndermeli.
– Hatyn, näçe askudar göndereýin?
– Iki atly gitse bolar, ýöne çaparlar ýola – çöle belet çaparlar bolmaly.
Sahyp sähel salymda goňşy otagdan iki sany hortap kişini yzyna düşürip geldi. Altynjan ol iki çapara Alparslanyň ýanyna baryp aýtmaly sözlerini birin-birin düşündirdi. Soň aýdan sözlerini olara gaýtalatdyrdy. Olaryň habary ýatlaryndan çykarmajakdyklaryna göz ýetirensoň, Altynjan: «Ugradyber» diýen terzde diwany beridiň sahybyna baş atdy.
Sahyp olara şalygyň resmilik nyşanyny – çakylyk ýüzügini gowşuryp, ýola saldy.
– Sistana gatnaýan kepderiň barmy?
– Merhemetli naýyp, özüňiz gowy bilýärsiňiz. Bagdatda welaýat merkezleri bilen aragatnaşygy ýaňy ýola goýup ugradyk. Uzak aralyga kepderi uçurmak isleýän netijämizi berenok. Kepderi diňe ýakyn aralyklar üçin amatly.
– Şazadalar Gurda, Ýakuda habar ugratmaly.
– Hatyn, depelerde ot ýakyp Merwe habar ýetirmek mümkinçiligimizem bar.
– Oňa näçe wagt gerek bolar?
– Dört günde habar Merwe barar.
– Onuň ýaly bolsa, Merw tarapa gidýän depelerde ot ýakyň. Gurda, Ýakuda çapar ýollaň.
– Buýrugyňyzy häzir ýerine ýetirerin, hatyn.
Altynjan lapykeç halda haremhanasyna bardy. Ol ýerde oňa Uhjury han, Mübärek han, şeýle hem Kabyl bilen Ysmaýyl müňbaşy garaşyp durdy.
Olary gören Altynjanyň ýüzi ýagtylyp gitdi:
– Kabyl, sen maňa çynyňy aýt! Soltan dirimi?

– Diri, Altynjan, soltan diri. Eger Ybraýymyň maksady soltany öldürmek bolan bolsa, onda ol dessine maksadyna ýeterdi. Ol beýtmedi. Soltana hiç kim el degrip bilmedi. Soltan aýratyn bir otagda göztussagy edilip saklanýar. Gözüm bilen gördüm. Soňundan näme bolandygyny welin bilemok.

– Dawalaşdylarmy?

– Dawalaşdylar. Ybraýym soltanyň ýanyndakylary – şazada Süleýmandan, Gutulmyşdan özgesini dessine öldürdi. Alty sany jandar soltana ýarag gezäp durdy.

– Merhemetli Altynjan hatyn! Biz siziň ýanyňyza ýörite geldik: näme buýursaňyz, hyzmatyňyza taýýardygymyzy, sadykatlyk bilen boýun sunjakdygymyzy aýtmaga geldik – diýip, Mübärek han sözüne nazym berip gürledi.

– Biz siziň hyzmatyňyzda, Altynjan hatyn. Näme etmeli? – diýip, Ysmaýyl müňbaşy Altynjana ýüzlendi:

– Etmeli zat belli: soltany halas etmeli.

– Soltany nädip halas edip bolar?

– Wa-weýla, nädipdigini anyk bilemok. Byradarlar, akyly ýatagandyr gürzi tapar, goşun jemläliň.

– «Elbetde, Taňry ýagşy amal edijileriň azabyny zaýa etmeýär»[2]. Taňry soltanymyzy musulman ymmatyna eden ýagşy amallary, ýagşy sogaplary üçin goldar. Bizi-de goldar. Men soltanymyzyň ýalkanjakdygyna, oňa, bize Allatagalanyň ýardam berjekdigine berk ynanýaryn. Ýöne häzir aljyraňňylyga gözümizi gapdyryp, Allatagalanyň azat etmek üçin salgy berýän ýoluny görüp bilemzok. – Altynjan emir Uhjury hana ýüzlendi. – Nädip halas edip bileris?

– Goşun gerek. Ol hem bizde bar, ýöne Kundurynyň garşysyna gitmek gowy däl.

– Kundurynyň gorkusyny nädip aýryp bolar?

– Düşündirjek bolmak – «Men güýçsüz» diýmek. Berer ýaly etmeli.

– Nädip?

– Nädibem bolsa, berer ýaly etmeli! – Perwerdigär üýtgeşik bir çykalga görkezäýjek ýaly, emir Uhjury zol-zol Asmana seretdi. – Gorkudaky adamy mugyra getirmek aňsat.

Altynjan birden ähli mesele çözülen, emir Uhjurynyň Asmandan gözlän çykalgasyny ähli kişiden owalan özi tapan, soltan halas edilen ýaly ýeňil dem aldy, ýylgyrjaklady:

– Dogry aýdýarsyň. Kunduryny nädibem bolsa, biz bilen ylalaşar ýaly etmeli. Çykalgany men tapdym. Siz meniň buýrugymy ýerine ýetiriň, şonda soltany azat ederis. Maňa Dürnazary tapyp beriň. Goý, ol derrew meniň ýanyma gelsin! – Altynjan soň Syddyhy ýanyna çagyrdy. – Eý, hansalar, derrew Kabyly naharla. Biz ugraýançak, goý, ol hem naharlansyn, hem biraz dynjyny alsyn. Kabylyň hatynyny-da çagyr, goý, ol ärine hyzmat etsin, näme islese, hyzmatynda bolsun.

– Altynjan, ugraýarysmy? – diýip, Kabyl ýylgyrjaklady.

– Eýsem näme! Ugrarys! Hökman ugrarys. Soltany hökman halas ederis.

– Hany, ýaňyja-da: «Çykalga tapamok» diýip durduň-a? – diýip, emir Uhjury geňirgendi.

– Çykalgany özüň salgy berdiň-ä: «Kunduryny nädibem bolsa razy etmeli» diýip. Häzir ony razy ederis.

– Onyňdan-a çykalga bolmaz. Ol: «Iki doganyň dawasyna goşulyp bilmerin» diýip, ýer depip dur, özüň gördüň-ä!

Altynjan ynamly jogap berdi:

– Indi ýer depmez.

Dürnazar gelip, Altynjan hatynyň öňünde tagzym etdi:

– Men hyzmatyňyza taýýar, Altynjan hatyn!

– Meni Dürnazar bilen ikiçäk goýuň! – diýip, Altynjan hatyn ýanyndakylara ýüzlendi. Soňam Dürnazaryň ýüzünden many okamakçy bolýan ýaly, oňa çiňerilip seretdi: – Soltany halas etmeli. Nädip? Kundurynyň sözüni eşitdiň. Ondan-a kömek ýok.

– Men näme etmeli bolsam, aýdyň, tabşyrygyňyzy amal etmäge taýýar, Altynjan hatyn.

– Ikimiz açyk sözleşeli!

– Gözüm üstüne.

– Togrul soltany halas etmeli.

– Käşgä, ýöne Anuşirwandan rugsatsyz hiç iş edip bilmeris, çünki ol indi biziň patyşamyz.

– Ýok, ol entek biziň patyşamyz däl. Biziň patyşamyz – Togrul soltan.

Birpaýyz böwrüne diň salyp duran Dürnazar Altynjana şübheli seretdi:

– Meniň wezipäm näme?

– Goşun Hemedana ugraýança Anuşirwan bilen Kundury zyndanda oturmaly. Olary hiç kim tapmaly däl.

– Altynjan hatyn, ine, bu işi welin, men edip bilmerin. Bu işe goşulsam, onda men soltana garşy dildüwüşlige gatnaşan adam bolaryn.

– Soltanyň garşysyna däl, soltany halas etmek üçin edýäris biz bu işi.

– Nämäniň-nämedigini, seljuk doganlaryň nähili pikire geljekdiklerini sizem bilmeýärsiňiz, menem bilmeýärin, Anuşirwan bilen Kundury hem bilmeýär.

– Gep o zatlary bilip-bilmezlikde däl, gep soltany halas etmekde.

– Nädip?

– Ýeke-täk ýol bar, goşun bilen gidip, soltany halas etmeli.

– Men size halysan ýüregimi açaýyn. Size halysan goltgy bermek isleýärin, siziň mamladygyňyzy-da bilýärin, ýöne Gurhanyň, soltanyň öňünde içen antym meni töwekgellik etmekden saklaýar.

– Onda, gel, ikimiz şeýle ähtleşeli. Sen ähli günäni – eger günä bar bolsa – meniň boýnuma atýarsyň, ýöne meniň etmekçi bolýan işime garşy çykmaýarsyň, sebäbi sen hiç zat «göreňok». «Näme etse, Altynjan hatyn etdi – diýýärsiň. – Altynjan hatyn aýdansoň, men ynandym» diýýärsiň. «Anuşirwan bilen Kunduryny bolsa hiç ýerden tapmadym, olar gaçyp gidipdirler» diýýärsiň.

– Olar gaçyp gitdimi?

– Olar hiç ýerde görünmese, gürüm-jürüm bolsa, gaçyp gitdigi bolar ahyryn. Düşündiňmi?

– Ine, men muny başararyn, ýöne men: «Olar gaçyp gitdiler» diýmäýin. «Men olary hiç ýerden tapmadym» diýeýin.

– Bu-da bolýar, ýöne sen meniň ýakynymda bolarsyň. Ýolumdan öz adamlaryňy aýyr. Olar meniň edýän zadyma burunlaryny sokmasynlar.

– Lepbeý, Altynjan naýybym, meniň adamlarym şu gün hem ker, hem lal, hem kör bolarlar.

– Ana, maňa geregi hem şol.

– Sahyp, Togrul soltan Hemedana giden pursadyndan bäri bir pikir menden aýrylanok... – diýip, Altynjan Dürnazaryň ýüzüne tiňkesini dikdi.

Dürnazar başyny ýaýkap, çala ýylgyrdy:

– Men ol pikiriň näme hakdadygyny bilýärin, hatyn! Sebäbi sizi biynjalyk edýän şol pikir soltanatymyzyň päk ýürekli adamlarynyň tas ählisini diýen ýaly gozgalaňa salýar.

– Aýt!

– Ybraýym birinji gezek soltana garşy baş göterende ony goldanlar soltanyň ýanynda işläp ýören wezipeli adamlar bolup çykypdy. Siz menden: «Ikinji gezegem şol ahwalat gaýtalanýarmy?» diýip soramak islän bolsaňyz gerek.

– Dogry, dogry. Häzirki galagoply pursatda meniň saňa bu sowaly bermegim ýöne ýere däl.

– Men size düşünýärin.

– Men häzir kime ynanmalydygymy, kime ynanmaly däldigimi bilmän özümi gyldan inçe, gylyçdan inçe Syrat köprüsiniň üstünde ýaly duýýaryn.

– Häzir size abanýan anyk bir howpuň ýokdugyny men ynam bilen aýdyp biljek. Anuşirwan bilen Kundurynyň-da size ýamanlygy ýok. Iň esasy zat – Ybraýym bilen düşünişmek, ylalaşmak. – Bekdaş Ybraýymyň enesiniň doganydy, ýegenidi. Öz ýegenini öldürdýän kişi herki zatdan hem gaýtmaz, ýöne oňa meçew berýän adamlara, ynan, Dürnazar, gaharym gelýär.

– Ybraýym ynalyň ýüreginde soltan bolmak küýsegi bar. Ol bu küýsegini aňyndan aýyrjak bolýar, ýöne aýryp bilenok. Ol soňky ýyllarda diňe şu küýseg bilen ýaşaýar. Käbir kişiler onuň salynyň gowşakdygyny görüp, meçew berýärler.

– Ybraýyma bu gezek meçew berenler kimler?

– Olaryň kimlerdigini häzir – iň gowusy – men size aýtmaýyn. Aýtsam, bu siziň etjek bolýan zatlaryňyza garalla bolar. Olar häzir siziň araňyzda ýok diýen ýaly. Diňe biri bar, onuňam size edip biljek ýamanlygy ýok. Ol häzir gorkuda.

– Şoňa-da şükür.

– Patyşa Anuşirwan ibn Tümen gelýär! – Bu habar Altynjan üçin-de, Dürnazar üçin-de garaşylmadyk habar boldy.

Dürnazar töweregine garanjaklady.

– Saklaň! Men häzir onuň bilen duşuşmak, sözleşmek islemeýärin. Goý, ol meniň ýanyma gelmesin!

Altynjan hatynyň mufratlary Anuşirwan patyşany saklap bilmedi. «Aýrylyň alnymdan!», «Goýberiň meni!» diýip gygyrýan Anuşirwanyň haýbatly sesi eşidildi. Sesiniň yzysüre onuň özi-de, kürsäp içerik girdi.

– Käbäm, meni seniň ýanyňa goýbermejek bolýarlar! Eşidýärsiňmi, enem! – diýip, Anuşirwan Altynjan hatynyň öňünde dyza çökdi. – Käbäm, ikimiziň düşünişmegimiz gerek. Siz mydama meniň bagtly

bolmagymy islediňiz, ýöne siziň bu günki bolşuňyz maňa juda düşnüksiz. Meniň patyşa bolmagym siziň baş maksadyňyzdy ahyryn. – Anuşirwanyň nazary birden Dürnazara düşdi, zähresi ýarylan dek haýykdy, onuň ýakynyna bardy. – Dürnazar, bu senmi? Sen bu ýerde näme iş edýärsiň?

Dürnazar hiç zat diýmedi.

Anuşirwan Altynjan hatyna ýüzlendi:

– Käbäm, bimahal çak «çarmyh» bu ýerde näme iş edýär? Bu nämäniň alamaty?

– Dürnazar bilen meniň möhüm gürrüňim bar.

– Meniň garşymamy? Eý, çarmyh, git şu ýerden!

– Men häzir geljek, siziň ikiňizem maňa garaşyň – diýip, Altynjan içerden çykyp gitdi. Ol Kabylyň naharlanyp oturan ýerine bardy.

– Kabyl, meniň aramgähimde Anuşirwan otyr. Sen ony haýyna-waýyna garaman, büweýh soltanynyň kiçi zyndanyna okla. Soňundan Kunduryny-da çagyryp getireýin, ony-da Anuşirwanyň ýanyna okla. Zyndanyň garawullaryny hytaýly gulamlaryňdan goý.

– Näme üçin?

– Hytaýly gulamlar Anuşirwan bilen Kunduryny tananoklar. Olaryň gepine-de düşünmezler. Anuşirwan bilen Kundury hem hytaýça bilenok, olar sözüni düşündirip bilmezler.

Kabyl zyndany «hormatly myhmanlaryň» gelerine taýýarlady. Olaryň içindäki iki sany tussagy azatlyga goýberdi.

Soňam Kabylyň jandarlary Anuşirwanyň eline-aýagyna zynjyr urup, zyndana atdylar[3].

Wah, zyndana atylansoň, Anuşirwan akylyna aýlandy, ol enesiniň her bir tabşyrygyny gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirjekdigini tekrarlady, ýöne eýýäm giçdi, çünki onuň sözüni diňläp durmaga Altynjanyň wagty ýokdy.

Kundurynyň yzyndan iki sany permanber ýollady.

* * *

**Alt**ynjan howlugýardy, söweş geýimini geýmek üçin otagyna girdi. Onuň sünnälik bilen tikilen bäş-on sany kirewkesi[4] bardy. Ýöne Altynjan ýigrimi bäş ýyla golaý wagtdan soň ilkinji gezek nika gijesi adamsynyň beren geýmini geýdi. Aradan ençe ýyl geçendigine garamazdan, eşikde Togrul soltanyň ysy bar ýaly duýuldy.

Ol Hemedanyň eteginde söweş eşigine girmek maksady bilen ýanyna ak kirewkesini aldy. Soltanyň sowgat beren asfury hanjaryny ençe gezek nyşana urup türgenleşdi.

Kundurynyň yzyndan giden permanberler dolanyp geldi:

– Kundury hiç ýerde ýok. Ol geňeşden çykyp goş-galamyny, çaga-çugalaryny alyp iki ýüz sany esger bilen uzak bir ýere gidipdir. Howlusynda on iki sany mirşepden başga hiç kim ýok. Kundurynyň nirededigini sorasak: «Hojaýyn uzak bir ýurda gitdi. Iki aýlyk iýip-içer ýaly harjymyzy berdi» diýdiler.

Kabyl Altynjana ýüzlendi:

– Hemedana soltany azat etmäge gidäýdimikä?!

– Beýle asylly niýeti bolsa, aýtman gitmezdi.

– Gaçypdyr-ow onda?!

– Gaçypdyr.

Altynjan Kabylyň bu sözüni makul tapdy:

– Gaçypdyrlar diýsene. Diýmek, diňe Kundury däl, Anuşirwan-da «gaçypdyr».

Täzeden geňeş çagyryldy.

– Amydylmülk Kundury bilen Anuşirwan ibn Tümen gaçypdyr.

Geňeşe gatnaşan wezir-wekilleriň, serkerdeleriň, emirleriň ýekesi-de Altynjana garşy çykmady, olar oňa sadyklyk bilen boýun sundular.

Goşun jemläp, haýdan-haý Hemedana ugramaly, soltany Ybraýymyň penjesinden halas etmeli[5].

* * *

**Elli müň**den gowrak atly goşun Hemedana sary ýöriş üçin taýýardy.

Ugrabermelidi.

Altynjan Mübärek handan:

– Taýýarmy? – diýip, sorady.

– Nobat çalynmagyna izin ber.

Altynjan Mübärek han bilen atly goşunyň öňünden birlaý aýlanyp çykdy.

Dürnazar Altynjanyň ýanyna geldi:

– Altynjan, esgerler seniň sözüňe garaşýarlar. Sen olara birki agyz söz aýt! Ýogsam häzir goşunyň arasynda her dürli myş-myş bar.

– Dogry aýdýarsyň. Men gürlemesem boljak däl, çünki esgerleriň, serkerdeleriň ählisiniň gözlerinde sowal görýärin.

Mübärek han elindäki ýataganyny galgadyp, esgerlere ýüzlendi:

– Seljuklylar! Byradarlar! Diňläň! Diňläň! Diňläň! Häzir Togrul soltanyň naýyby Altynjan han söz aýdýar!

Altynjan gyr bedewini säpjedip, esgerleriň öňüne geldi. Mübärek hanyň edişi deýin, elindäki ýataganyny galgatdy:

– Mähriban byradarlar! Garyplygy çekip bolýar, ýöne mesligi, bolçulygy, hormat-sylagy her kes göterip bilmeýär. Ybraýym hem mesligi göterip bilmän, öz mertebesine – Togrul soltana hyýanat etmekçi bolýar. Beýle gadyrbilmeze geçirimlilik etmek bolmaz! Togrul soltana garşy çykan kişi, kimdigine seretmezden, biziň ganym duşmanymyzdyr! Ybraýymy jezasyz galdyrmak bolmaz! Bizi Alla gorar. Bizi Alla goldar. Sebäbi biz Allanyň nazar salan soltanyna azatlyk istäp barýarys. Sebäbi biz adalat istäp barýarys! Togrul soltan ömrüni adalatyň goragyna bagyş eden adam. Togrul soltan ömrüni külli musulmanyň bereketi üçin bagyş eden adam. Togrul soltan ömrüni külli musulmanyň har-zar bolmazlygyna bagyş eden adam. Biz bu gün beýik maksat bilen ýola düşýäris. Alla bilen ýola düşýäris. Alla bizlikdir! Işimiz rowaç bolar! Ýörüň, Ybraýymyň üstüne gideliň! Ony jezlandyralyň!

Esgerler Altynjan hany goldap, başly-barat gygyryşmaga başladylar:

– Ybraýyma nälet bolsun!

– Bize Togrul soltan gerek.

– Altynjan han, biz seniň bilen!

– Altynjan, biz saňa guwanýarys!

– Biz Altynjan bilen!

Altynjan Ärdeşir Magmarana ýöriş sazyna başlamaga ygtyýar berdi.

Ärdeşir Magmaranynyň yşaraty bilen sazandalar ýöriş sazyny çalmaga başlady.

Goşun ýöräp ugrady.

Altynjan hatyn türgenleşikden soň, asfury hanjaryny hareminde galdyrandygyny bilip, hyzmatkärleriniň birini ony getirmek üçin ugratdy.

Hyzmatkär at gaýtarym aralyk ýol geçilensoň, goşunyň yzyndan ýetip, hanjary tapmandygyny aýtdy.

Altynjan yrymçyldy, yza dolanmagy halamaýardy, muny şowsuzlygyň alamaty hasaplaýardy. Ol yza dolanmak islemedi, ýöne asfury hanjary goýup gidip biljek hem däldi, ony goýup gitse, ýeňiş gazanjagyna kepili boljak däldi. Sebäbi asfury hanjar ýeňşiň kepilidi. Bu ençe gezek synagdan geçen hakykatdy. Asfury hanjary bilen ýörişe ugrap ýeňşiň gazanylmadyk gezegi ýokdy. Nähili şowsuzlyk bolan bolsa, onda şol şowsuzlyk asfury hanjaryň ýoklugy sebäpli bolupdy. Asfury hanjaryny galdyryp gitmek, Altynjan hatynyň göwnüne, şowsuzlyga uçramak boljakdy. Şonuň üçin hem ol hernäçe agyr görse-de, yzyna dolanmaly boldy. Dolandy.

Hareminiň içini agdar-dünder edip çykdy, ýöne asfury hanjary tapylmady.

Altynjan ähli hyzmatkärlerini, çiltenlerini, gullaryny, kenizlerini aýaga galdyrdy, hernäçe agtarylsa-da soltanyň sowgat beren hanjary tapylmady.

Altynjan takdyra ten bermeli boldy: her hili ýagdaý bolanda-da Hemedana gitmeli, Togrul soltany Ybraýym nejisiň elinden halas etmeli.

Ikinji ýol ýok.

Altynjan lapykeç halda haremden çykdy.

Howludan çykylýan ýerde kiçeňräk bir külbe bardy, ol külbe sakçylaryňkydy.

Altynjan hatyn howlynyň derwezesiniň – külbäniň deňine ýetdi. Ýanynda mydama goragy – mufratlary bolýardy, ýöne häzir welin, olar ýokdy, ýekedi. Sebäbi ol özüme kast ediler öýdüp asla güman hem edenokdy. Köşkde janyna kast etjek adam bardyr hem öýtmändi. Görüp otursa, bar eken.

Çiltenler ät galdy. Mufratlar ät galdy.

Kabyl hem ät galdy, ýogsam ol Altynjany aňsat-aňsat ýeke goýmaýardy, nirä barsa ýanyndan aýrylmaýardy.

Külbeden üstüne gara şal atynan bir kişi atylyp çykdy, megerem, ol Altynjanyň gelýändigini gapyny jyklap gören bolmaly.

Altynjan onuň hasanaklap gelşine o diýen üns bermedi, ony Taňry salamyny bermekçi ýa-da ýaranjaňlyk etmekçi bolýan biridir öýtdi.

Görüp otursa, gelýäniň niýeti gaty ýowuz eken!

Öldürmek eken!

Nätanyş üstüne atynan şalyny egninden aýryp, arlap ylgady. Özüni Altynjanyň üstüne oklady.

– Me, saňa! Me, saňa! Kasas kyýamata galýan däldir! – diýip, nätanyş ýetişibildiginden Altynjanyň çem gelen ýerinden hanjar urdy.

Nätanşyň howlukmasy ýöne ýere däl eken: sähel salymda iki mufrat ylgap gelip nätanşyň kellesini kakdy.

Altynjan gara gana bulaşyp ýatyrdy.

Nätanşyň kimdigi belli boldy: Batmanyň Sadyk atly ogludy. Ol öň hem Altynjanyň janyna kast etmäge synanyşypdy.

Şol synanyşykda Altynjan Tahyryň Kuýaş diýen ogluny öldüripdi, Sadyk şonda diri galypdy. Togrul beg ony köşkden uzaga – Balhan şäherine işe ýollapdy.

Sadyk Bagdada möhüm bir iş bilen gelipdi, Togrul soltanyň başyna düşen ahwalat, Anuşirwanyň patyşa göterilendigi hakda eşidip, ol: «Ar almak pursady geldi» diýip pikirlenipdi hemem aryny almagyň ugruna çykypdy, Altynjanyň her bir hereketini yzarlapdy.

Amatly pursat tapmady. Ol lapykeç halda howlynyň sakçysynyň külbesine – sakçylaryň wisakbaşysy onyň köne tanşydy, dostudy – biraz garbanmak üçin gelipdi, soňky niýeti ar almagy amatly pursadyň dörärine goýup, Balhan şäherine dolanmakçydy.

Ol entek oturyp-oturmanka sakça Altynjan hatynyň gelendigini aýtdylar.

– Nämedir bir zadyny galdyrypdyr, şony almaga gelipdir – diýip, sakçy Sadyga düşündirdi.

Sadyk Altynjanyň hareme dolanyp gelmegini aryny almagy üçin Allatagalanyň özüne döredip beren mümkinçiligi diýip düşündi.

Onuň özüne teselli berýän ýeke bir zat bardy, ol hem türgenleşik geçilýän ýerden Altynjan hatynyň asfury hanjaryny tapandygydy. Niýeti şol hanjar bilen Altynjany öldürmekdi.

Sadyk Altynjany öldürensoň, özüne-de ölümiň garaşýandygyny, gaçyp gutulyp bilmejekdigini aňýardy, muňa kaýyldy, iň esasy zat aryny almakdy.

Kakaň aryny ýerine salmak – bu uly mertebe.

Aryňy alyp ölmek – mertebeli ölmek!

Onuň ýaşasy gelýärdi. Balhanda gül ýaly işi bardy, gül ýaly ýaşaýşy bardy. Eli uzadan ýerine ýetýärdi. Öýünde segsen sany hyzmatkäri bardy. Şäherde abraýy, mertebesi uludy.

Ondan gorkýardylar.

Iki sany ýanaşyk duran howlusy, öýi bardy. Her öýünde bir hatyny bardy.

Birinji hatynyndan bir ogly – mirasdüşeri bardy. Ol häzir üç ýaşyndady. Işe gitjek bolanda: «Menem seniň bilen gitjek» diýip aglap galýardy.

Işden baranda ogly ylgap öňünden çykýardy: «Näme getirdiň?» diýip soraýardy. Kakasynyň ýanyndan aýrylmaýardy.

Sadyk baryp oturanda, hatynlary ylgaşlap hyzmata başlaýardylar. Birinji hatyny elini, aýagyny gyzgyn suwa ýuwýardy, ikinji hatyny bolsa, suw akydýardy.

Sadyk hatynlarynyň mähribanlygyndan, hyzmatyndan çäksiz lezzet alýardy, ol şeýlebir ýaşamak isleýärdi. Hut şonuň üçinem onuň guma bulaşyp ýatan gözleri açykdy, hanasyndan çykaýarly görünýärdi.

Bu mahal guma bulaşyp ýatan kellä üns berýän adam ýokdy. Ähli kişi Altynjan hatynyň daşyndady.

Hanjar dört ýerden urlupdy, olaryň üçüsi o diýen gorkuly däldi, ýöne dördünjisi welin, gorkulydy.

Ol bagryň üstündendi.

* * *

**Altynjany göterip, öz şebistanyna eltip ýatyrdylar. Esasy maksat onuň ganyny saklamakdy. Sebäbi şebistanyna getirilýänçä hatyn gany köp akypdy.**

**Lukmanlar nämäniň-nämedigine göz ýetirip, birbada aljyradylar, Kabylyň haýbatly buýrugy olary herekete getirdi.**

**Sag eginden, sag bykyndan, bagryň üstünden urlan ýerleri ilki arassalap, soňundan howul-hara tikdiler, saradylar.**

**Ganynyň köp akandygy üçin bolsun gerek, Altynjan melikäniň ýüzi duw akdy, ýarymjan halda iňläp ýatyrdy.**

**Ol özüni bilmän ýatyrdy:**

**Lukmanlaryň ellerinden gelýän üýtgeşik bir zat ýokdy.**

**Olar etmeli işlerini edip bir çete çekildiler.**

**Kabyl şol bir sowalyny ýene gaýtalady:**

**– Ýeri, nähili? Ýaşarmy?**

**– Aly makam, biz-ä elimizden gelenini etdik. Boljak iş bol**updyr – diýip, lukmanlaryň ekabyry, uzyn, hor kişi müýnli dillendi.

– Men: «Ýaşarmy?» diýip soraýaryn?!

– Aly makam, mert bol! Alladan gelen ajala hiç kimiň çäresi ýok.

– Men: «Ýaşarmy?» diýip soraýaryn.

Hortaw, uzynak lukman Altynjan hatynyň goşaryndan tutup, böwrüne diň saldy:

– Enteg-ä diri!

Kabyl sandyraýardy, çykalga gözleýärdi. Ol lukmanlaryň üstüne gygyrdy.

– Sizden lukman bolmaz! Siz nanýagy! Men ant içýän, Altynjan ölse, men, sizem uçdantutma öldürjek! Ýogsamam Altynjany derrew sagaldyň!

Altynjan özüne geldi, töweregine garanjaklady, soňam ysgynsyzja seslendi:

– Maňa näme boldy?

– Sadyk diýen kişi size kast etdi – diýip, hajyp jogap berdi.

– Batmanyň oglumy?

– Hawa, hawa, Batmanyň ogly.

– Doganym, mähriban doganjygym, saňa döneýin! – Kabyl Altynjanyň gapdalyndan ikidyz oturdy, onuň elinden sypady. – Sen mert ahyryn, Altynjan! Mert bol, çyda, gaýrat et! Bar zat geçer, nesip bolsa, bahym sagalar gidersiň. Ýaralaryň hem bitişer.

– Men çydaryn, men çydaryn, Kabyl!

– Sen çydamly ahyryn!

– Seniň ýaly doganym barka maňa hiç zat bolmaz! – Altynjan hatyn böwrüne diň salyp, biraz salym ýatanyndan soň Kabyla ýüzlendi: – Kabyl, Batmanyň ogluny öldürmäň!..

– Ömri gysga eken görgüliniň.

– Şeýlemi, onda ony mertebeläp depin ediň!

– Sen onuň aladasyny etme. Öz aladaňy et!

– Maňa näme boldy? Anyk aýdyň, endam-janym zer-zaw-la?!

– Sag goltugyňdan, egniňden urlan urgular onçakly gorkuly däl, ýöne bagra düşen ýaranyň bitmegi üçin biraz wagt gerek bolar. Onuň üçin gozganman ýatmaly – diýip, tebip sözledi. Ýöne onuň sözüni Altynjan eşitmedi, sebäbi ol özünden gidipdi.

Gün günorta golaýlaberende Altynjan özüne geldi, ýerinden turjak bolanda tebip ör-gökden gelip janykdy:

– Merhemetli hatyn, merhemetli melikäm, size turmak bolanok.

– Kim aýtdy ony?

– Siziň saglygyňyz.

– Meniň saglygyma näme bolupdyr? – Altynjan ýerinden turdy. Turmagyna garşylyk görkezen, ony ýatyrmakçy bolan tebibiň döşünden batly itdi: – Aýryl!

Tebip entirekläp honda düşdi, ol ýerinden turup ýene Altynjan hatynyň ýanyna geldi:

– Özüňize kast etmäň! Hereket etseňiz, ganyňyz köp akar, heläk bolarsyňyz.

– Sen tikmediňmi näme?

– Tikdim, ýöne agyrýandyr-a?!

– Agyrýar, ýöne oňa çydaryn. – Altynjan saralan ýerlerini elleşdirip barlady.

Daş çykan Kabyl ylgap geldi:

– Altynjan, ine, tapman ýören hanjaryň. Sadyk saňa öz hanjaryň bilen kast edipdir.

Altynjan hanjary görüp begenmek begendi, bagryna basdy:

– Indi bize dowul ýok. Indi maksadymyza ýeteris.

– Altynjan, saňa turmak bolmaýar. Derrew ýat!

Altynjan Kabylyň bu sözüne ör-gökden geldi:
– Bize wagt ýitirmek bolmaýar. Biz goşunyň yzyndan ýetmeli. Ýa ony sakladyňyzmy?
– Ýok, entek saklamok.
– Dogry edipsiň. Ony saklamak bolmaz. Biz häzir olaryň yzyndan ýeteris.
– Näme, meniň gaharymy getirjek bolýarsyňmy?
– Sen meniň ýatmagymy isleýärsiňmi?
– Islämok, ýöne mende başga alaç ýok.
– O näme üçin alaç ýok? Alaç bar, häzir ugrarys.
– Ýok, ýok! Seniň ýagdaýyň agyr, juda agyr!
– Kabyl, sen meni şindem tanaňok. Men, heý, häzirki pursatda düşekde ýatyp bilerinmi? Äri zyndandaka, heý, Altynjan ýumşak düşekde ýatarmy? Sen dogry pikir edýärsiň, meniň ýagdaýym agyr. Men muny senden gizlemäýin, ýöne men muny esgerlerden welin, gizlemeli bolaryn. Goý, ähli serkerdeler, esgerler: «Altynjanyň jany sag» diýip pikir etsin. Türkmen hatynlary çydamlydyr. Türkmen hatynlary demriň, daşyň çydamadyk zadyna çydar. Türkmen hatynlary öz ärleri üçin şirin janlaryndan geçerler. Türkmen hatynlarynyň jany – ärleridir. Men ölsem, ärim üçin at üstünde öljek. Darkaş gurap öljek. Ýöne: «Men – ýaradar» diýip düşekde ýatjak däl. Sen meni, belki öldürip bilersiň, ýöne saklap bilmersiň. Sen meni saklajak hem bolma! Gaýtam maňa göwünlik ber! Onsoňam men saňa iň esasy zady aýdamok.
– O nämäniň iň esasy zady?
– Her kim bir maksat bilen ýaşaýar. Meniň maksadym – Togrul soltanyň rowaçlygy! Eger Togrul soltana bir zat bolsa, onda meniň ömrümiň manysy gaçýar. Şonuň üçinem men onuň tagtda oturmagy, soltanlygynyň rowaçlygy, janynyň saglygy üçin düýrmegim bilen göreşerin.
Ähli kişi gözlerini petredip Altynjana seredýärdi. Ol bolsa hiç zat bolmadyk deýin, gaty arkaýyndy.
– Sargylarym görünmez ýaly, men egnime abamy ataýyn.
Hajyp derrew aba getirdi, ony melikesiniň egnine atdy.
– Indi gideliň!
– Altynjan, seniň ýagdaýyň agyr ahyryn!
– Wa-neýlet-ä, ýagdaýymyň agyrdygyny özüm bilýärin, ýöne, agyr bolsa nädeýin? Bizde ikinji ýol ýok. Bize wagt garaşanok. Ýagdaýymyň agyrdygyny esgerler bilmeli däl! Men olary ruhlandyrmaly, ýogsam biz maksadymyza ýetip bilmeris.
– Ýol uzak. Sen ýolda ölersiň.
– Ölsem, Kabyl, meni Togrul begiň aýagujunda jaýla.

* * *

**Her sapar bir bökende ata münýän Altynjan hatyn bu sapar tekgesiz münüp bilmedi. Oňa tekge berdiler.**
**Kabylyň bar aladasy Altynjanyň at üstünde özünden gitmezligidi, ýykylmazlygydy.**
**Altynjan welin, özüne jebir-sütem edip atyň üstünde suluhman barýardy.**
**Ýol uzakdy.**
**Ikinji gün goşunyň yzyndan ýetildi.**
**Altynjanyň atyny säpjedip gelýändigini gören esgerler gygyrmak gygyrdy:**
**– Altynjan diri!..**
**– Altynjana hiç zat bolmandyr!..**
**– Altynjan hatyn, biz seniň bilen!**
**– Altynjan hatyn, Togrul soltany hökman azat ederis!**
**Altynjan ýylgyrjaklap, esgerlere elini galgatdy.**
**– Biz saňa guwanýarys, Altynjan!**

**On sekizinji hekaýat**

## BÖRI GOÝUN BILEN SUW IÇMEZ

Altynjan Hemedan şäheri, onda ýaşap geçen görnükli şahsyýetler, Bisütün ýazgylary hakda köp gürrüňleri eşidipdi, aýratyn hem Ibn Sina barada kän zat eşidipdi. Ol ulamanyň gadymky pelsepäniň ýörelgelerine eýermän, Aristusdan, täze eflatunçylardan, Farabydan öz halan, özüne makul görnen pikirleri saýlap alandygyny, ne täze eflatunçylaryň, ne meşa hikmetiniň, ne-de kelamçylaryň hiç birine-de uýmandygyny bilýärdi. Bir eden işi, kelam ylmynyň birnäçe usulyny öz pelsepesinde peýdalanyp, olary bir pikir uşlybyna düzüp, sopuçylyk usulynda, pelsepede täze ýörelgäni orta getirenligidi. Ol ruh bakylygyny goldap, tenasuhy[1] ret etdi. Ahyrýete ynansa-da, oňa takwalar deýin ynanmady, şerigat ýolunyň tersine: «Jisim gaýdyp baryşy (ahyrýeti) kabul etmeýär» diýen pikiri makul tapdy. Ibn Sina yrfany[2] öz meşaýy[3] pelsepesiniň usulyna girizmändi, şeýle hem olary inkär-de etmändi. Ulama Hemedanda wezir hem bolupdy, köp hupbatlary gördi, esgerleriň aýlyk haklarynyň wagtynda tölenmändigi üçin öýi otlanypdy, janyna kast etmäge synanyşylypdy. Ana, şondan soň ulama wezirlik işini goýup, ömrüniň soňky on ýyldan gowrak wagtyny Hemedanda basa oturyp, ylma bagyş etdi. Ençeme ajaýyp eserleri döretdi.

Altynjan Ibn Sinanyň kitaplaryny uly höwes bilen satyn alypdy. «Lukmançylyk ylmynyň kanunlaryny» gaýtalap-gaýtalap okapdy. Ondan tebipçilik, lukmançylyk boýunça köp-köp peýdalaly maslahatlary öwrenipdi. Ulamanyň şygyrlary bilen pelsepe kitaplary welin, onuň razdaryna öwrülip bilmändi...

Ol, dogrusy, diňe bir Ibn Sinanyň däl, Farabynyň, Abu Aly ibn Meksuýanyň, Abu Süleýman Muhammet ibn Tahyr ibn Bährem Sejistanynyň pelsepelerine-de onçakly imrinip bilmeýärdi. Çünki Gündogar pelsepeçileri Eflatunyň, Aristusyň pähimlerini tesfir etmek bilen çäklenýärdiler. Eýsem ol iki ýunanly pelsepeçiniň derejesine ýetmek aňry çäkmi?! Hany, musulman pähim-parasady?!

Altynjan Aristus hakynda-da okapdy, birnäçe rowaýat-da diňläpdi. Ýaşajyk Isgender Zülkarneýn: «Hany, at bol, men seni at edip münjek» diýende Aristusyň ony arkasyna mündürip aýlandygy, at bolup kişňändigi hakda eşidende biçak gynanypdy. «Aristus beýik akyldar, ýöne beýik şahsyýet däl» diýen pikire gelipdi. Beýik şahsyýet ähli ýagdaýda-da özüniň beýiklik mertebesini saklar. Aristus gorkak, ol öz janyny aman saklamak üçin at bolmaga-da, başga bir jandar bolmaga-da taýýar. Ýöne Ibn Sina öz mertebesini saklan ulama. Ol öz garaýşynyň, maksadynyň hatyrasyna Kaku şalygyndaky hormatly wezirligini goýmagy, düýrmegi bilen özüni ylma bagyş eýlemegi başaran, soltan Mahmyt Gaznalynyň hödürlän köşk ýaşaýşyny ret eden ulama. Herhal, Altynjan Ibn Sinanyň kitaplarynda nähilidir bir sowuklyk duýdy. Galyň-galyň kitaplar ony özüne çekmedi, özüne imrindirmedi. «Düşünýän däldirin, belki?!» diýip, ol netijä geldi. Herhal, ol Ibn Sinanyň Taňry tarapyn dörän gudratdygyna welin, berk ynandy. Bu gudratly ulamanyň guburyna tagzym etmek pikiri Altynjanyň aňyndan aýrylmady.

Ibn Sinanyň ömrüniň soňky on ýyldan gowrak wagtyny geçiren, soňam bakyýet öýüni edinen şäherinde Togrul soltan bu gün tussaglykda otyr.

Hemedana – Ibn Sinanyň guburyna zyýarat etmek üçin gelmegi höwes edip ýören Altynjany bu gün ykbal nesibesi öz hökümdary soltan Togruly halas etmek üçin getirdi.

* * *

Altynjan hatyn Hemedanyň ýakynyndaky Wahan diýen obada saklandy. Hegmatan depesinde – köne Hemedanda bargähini dikdi. Bu depe Ärsak şanyň köp wagtyny geçiren, tomuslaryna dynç alan ýeri.

Bu ýerden häzirki Hemedan şäheri gowy görünýär. Aşakda bolsa sap-sap goşun buýruga häzir bolup dur. Ol atyny säpjedip, sap-sap atly goşunyň öňünden geçdi, goşunyň nyzamyny barlady.

Söweşe taýýarlygy barlap ýörkä, Altynjan ýowuz bir habary eşitmeli boldy.

Onuň ýanyna yktasynda – Wasytda işleýän hyzmatkärleriniň on sanysy geldi.

Altynjan hatyn gelenleriň eşikleriniň sal-sallygyny görüp, olaryň hoş habar bilen gelmändiklerini dessine aňdy. Olary hymasyna eltdi:

– Size kim zulum etdi?!

– Arslan Besasury Türkmen.

– Düşnükli!.. – diýip, Altynjan hatyn uludan demini aldy: – Olar näçe adam?

– Takyk aýdyp biljek däl, megerem, iki ýüz-üç ýüz atlydyr – diýip, Sadyllanyň gapydany aýtdy.

Altynjan Wasytdan gelen hyzmatkärlerini geň galdyrdy. Olar bu ajy habary hatyna nädip aýtjakdyklaryny bilmän kösenmek kösenipdiler. Olaryň pikiriçe, Sadyllanyň öldürilendigini, Wasytyň weýran edilendigini eşidip, Altynjan hünübirýan aglamalydy, ýöne olaryň çak edişleri ýaly bolmady. Gelenler ajy habary aýtjak, Altynjany köşeşdirjek bolubam kösenmediler.

Olar diňe berlen sowallara gysga jogap berdiler.

Altynjan doganynyň ölümi, yktasynyň weýran edilendigi baradaky ajy habary eşidip, birmeýdan durdy.

Ol çydady.

Merdi-merdanalyk bilen çydady.

Eý, Hudaý, bu hatyn daşdanmydyr, polatdanmydyr?! Onuň keşp-keşmerinden çen tutup, içinde harasat gopýandyr, başyna kyýamat gopandyr, synasynda agyr dert göterip ýörendir, derdi azar berýändir öýder ýaly däldi. Ol başyny dik tutup parahat durdy.

Altynjan hansalar Syddyha wasytlylary görkezip:

– Bular uzak ýoldan aryp geldiler. Bu kişileriň iýip-içmegi, ýatyp, dynçlaryny almaklary üçin ähli mümkinçilikleri dörediň! – diýdi.

– Lepbeý, melikäm!

Wasytlylaryň habaryny eşiden Kabyl kellesini tutup elendi:

– Wa-daryg-a, wa-hasrat-a!..

– Salyňy gowşak tutma, Kabyl! Mert bol! – diýip, Altynjan gazaplandy.

– Sadyllany öldüripdirler-ä!

– Çyda! Sen erkek ahyryn!

– Arslan juda hetden aşdy! Onuň dişinde et galdyrypdyk… Men onuň külüni göge sowraýyn. Men gideýin.

– Ýok, ýok, Togrul soltany halas etmän hiç ýerigem gitmek bolmaz.

Kabyl Altynjana geň galyp seretdi:

– Diýýäniň näme seniň? Biziň doganymyz uzak bir ülkede läş bolup ýatmalymy, onuň läşini hiç kim depin etmeli dälmi? Ony depin etmeli doganlary Hemedanda irikgä bolup durmalymy?

– Öleniň yzynda ölüp bolmaz. Biziň üçin häzir iň zerur zat Togrul soltany halas etmek! Düşnüklimi?

– Sen maňa müň sany atly ber. Seniň häzirki goşunyň ýanynda müň atly deňizden alnan bir damja ýaly. Men häzir gideýin, bu ýerde durmaýyn.

– Ýok! Hiç ýerik gitmersiň!

Kabyl sözüniň alynmandygyna gaharlanyp, içýakgyç sözledi:

– Sadyllany olar seniň üçin öldürendirler!..

Altynjan Kabyla çala nazar aýlap ýuwdundy:

– Mert bol!

Kabul beterinden beterine tutdy:

– Maňa beýle mertlik nämä gerek?

Sadyllanyň gapydany Kabylyň sözüni makullady:

– Arslan Besasury gelip: «Altynjan hatynyň dogany kim?» diýip sorady. Sadylla hem: «Men!» diýip, olaryň ýanyna bardy. Şondan soň ony öldürdiler.

– Men aýtdym-a, Arslanyň Sadyllany näme üçin öldürendigini! Men gitjek, Altynjan, sen Togrul begiň aşyny-suwuny berip bolanyňdan soň baryber.

– Bu näme diýdigiň?!

– Ybraýym atyny oka berjek adam däl. Ol hökman seniň maksadyňy biler hemem seniň äriňi öldürer!

– Gapyl, gürleme!

– Gürlejek, eşidýärmiň, gürlejek! Ybraýym bilen Besasury ikisi bir adam. Ynha, görersiň, olar birleşerler. Sen sebäpli indiki öldürilmeli adam men – Kabyl, Altynjan hatynyň dogany. Sen bolsa Ybraýymyň hatyny bolup, ýag iýip, ýüpek geýersiň... Eşidýärmiň, meniň sen sebäpli ölesim gelenok. Sen sebäpli babam öldi, sen sebäpli enem öldi, sen sebäpli doganym Habyl öldi! Sen sebäpli, gör, näçe adam öldi! Akylyňa aýlan! Men Sadyllanyň jesedini düýä ýükläp, Zamahşara äkitjek.

– Sen hiç ýerigem gitmersiň.

– Giderin! Sen indi meniň hem ölümimi isleýärsiňmi? Ybraýym bilen Arslan Besasurynyň meni öldürjekdigine akylyň çatanokmy? Akylyň çatýar. Ýöne sen oýunda utulandygyňy boýun almaga gaýrat tapaňok. Men ölenimde-de sen häzirkiň ýaly perwaýsyz bolarsyň. Saňa dogan gerek däl, saňa diňe Togrul gerek! Är gerek! Hoş, sag bol!

– Hiç ýerik gitmersiň! Sen meniň ýanymda bolarsyň!
– Bolmaryn!
– Men gaýtalap aýdýaryn: sen hiç ýerik gitmeli däl, meniň ýanymda bolmaly!
– Men gidýärin!
Altynjan ýataganyny gynyndan sogrup aldy-da, gazaply gygyrdy:
– Rast, babam bilen enem, Habyl bilen Sadylla men sebäpli ölen bolsa, onda seniňem tohumlyk galmagyň hökman däl! Seni men hut öz elim bilen öldürerin. Erkek bolýan bolsaň, gapa tarap ýeke ädim ät, eger seni iki bölek etmesem, Abdylmälik hanyň gyzy bolmadygym! Hany, ýöre, nä dursuň! Görkez gaýratyňy! Äl, dogançyl bolduň meniň başyma!
Hymanyň içindäkiler Altynjan hatynyň beýle dergazap bolan pursadyny öň görmändiler. Olar gorkudan ýaňa saňňyldaşdylar.
Altynjanyň häsiýetini kim bilmese-de, Kabyl bilýär, onuň soňy hakda oýlanman, etjek diýen zadyny edýändigini-de bilýär. Ýeke ädim ätmegiň özi üçin juda hatarlydygyny-da bilýär.
Iň gowusy, Altynjan bilen deň bolmazlyk, onuň garşysyna gitmezlik, näme diýse, kaýyl gelmek.
Kabyl gapa bakan ädim ätjek bolmady. Depäňden ýataganyň injekdigi açyk görnüp durka, peýdasyz tekepbirligiň geregi ýok. Onsoňam erkek kişi hatyn bilen deň bolmaly däl-ä! Togrul soltan hem Altynjanyň aýdanyny edip ýör-ä! Aý, bolýan eken-dä!
– Näme etmeli?
– Hiç zat etmeli däl! Diňe butnaman durmaly!
– Geplemelem dälmi?
– Bu hakda hiç zat aýdylmady!
– Erkekligiňi bu betbagt akyma[4] mälim eden ýagşy!
Kabyl şu maksat bilen sözledi:
– Ýygna ýataganyňy! Meniň gaharymy getirme! Hatyndygyňy unutma!
– Senem özüňiň Abdylmälik hanyň ýeke-täk mirasdü-şeridigiňi unutma!
– Men ony unutsam bolmaz-a – diýip, Kabyl ýüzüniň derini boýnundan asylgy taýlesanynyň bir ujuna syldy. – Men ýola düşeýin, howanyň bu yssysynda jeset uzak durmaz.
– Haçan gitjegiňi özüm aýdaryn. Häzir ählimiziň pikirimiz, maksadymyz bir bolmaly.
Altynjan birden özünden gitdi. Tebipler ylgap gelip, melikäni düşekde ýatyrdylar.
– Kabyl, eger dogan gerek bolsa, gaýdyp, Altynjanyň gaharyny getirme! Gör-ä, onuň bagrynyň üstünden edilen tikin sökülipdir, gan börňüldäp akyp ýatyr. Gan içe-de köp giden bolmaly. Altynjanyň ýagdaýy agyr, juda agyr. Agşama çenli näme boljagy belli däl. Melikäni ýeke goýup hiç ýere gitme, ýogsam… – diýip, tebipleriň biri Kabyla duýdurdy.
Ikinji tebip howsala düşdi:
– Dem almasy galaýan ýaly-la?
– Näme, näme? Diýýäniňiz näme siziň? – diýip, Kabyl bir bökende Altynjanyň başujuna geldi. – Meniň doganym!..
– Kabyl, siz daşary çykyp duruň, goý, ol biraz köşeşsin – diýip, lukman Kabyla seretdi.
Kabyl ýerinden turdy, ýöne uzak durman ýene aşak oturdy:
– Ýok, ýok, Altynjanyň ýanyndan hiç ýerik gitjek däl. Siz derrew em ediň!
– Siz bize şeýdip päsgel berip dursaňyz, melikämize em etmek zerurlygam gerek bolmaz. Siz düşüniň, melikämiziň ýagdaýy agyr.
Kabyl titredi:
– Altynjan, ölme! Meni ýeke galdyrma! Meniň sensiz edip biljek zadym ýok. Men sensiz hiç kim! Men seniň baryňda adam! Men naçar! Galan ömrüme men seniň garşyňa gitmerin! – Kabyl hymadaky üç tebibe ýüzlendi: – Doganlar, gaýrat ediň! Meniň mähriban doganymy halas ediň! Ol türkmeniň deňsiz-taýsyz zenany! Altynjan ölmeli däldir! Ýalbarýaryn, doganlar. Men size ähli hatynanymy bereýin. Bütin ömrüme gapyňyzda guluňyz bolaýyn! Gaýrat ediň, mähribanlar!
Tebipler gaýrata galdylar: Altynjana em etmäge girişdiler. Hanjaryň sokulan ýerini täzeden tikdiler.
Kabyl ruhdan düşüpdi, hünibirýan aglaýardy:
– Men näme üçin şu güne çenli seniň gadyryňy bilmedim?! Sen meniň günämi öt, Altynjan! Ölme! Meni ýeke galdyrma! – Kabyl bir tebibiň aýagyndan şapba gujaklady. – Gaýrat et, dogan! Gaýrat et, meniň doganymy ölümden halas ediň. Ýalbarýaryn, meniň doganymy halas ediň!
– Sen bize päsgel berme!

Kabyl kaýyllyk bilen bir gapdala çekildi. Ol gözýaşyny saklap bilenokdy. Altynjana seredip möňňürip aglaýardy.
Wagt geçip durdy.
Tebipler şindem Altynjanyň daşyndadylar. Olar bir gyra çekildiler welin, Kabyl ýerinden zöwwe galdy:
– Näme boldy? Öldümi? Aýdyň ahyryn! Näme boldy?
– Ýuwaş, goý, biraz dynç alsyn!
– Dirimi?
– Diri!
– Wah, seniň: «Diri!» diýen dilleriňe döneýin men! Wah, saňa döneýin men! – diýip, Kabyl hortap tebibi garsa gujaklady.

* * *

**Alla**tagala Altynjana synagy uludan tutan bolarly, ony ýowuzdan ýowuz güzaba saldy. «Alla ynsana diňe güýjüniň ýetjek möçberinde ýük ýüklär»[5].
Allatagala oňa ýüki uludan urdy: Wasyt pajygasy bilen çäklenmedi. Oňa ýene bir ýowuz habar getirdiler!
Altynjan hymasyndan çykanda Bagdatdaky köşgüniň hajyby bilen işigagasyny gördi, olary boýdan-başa synlap, olaryň-da hoş habar bilen gelmändiklerini aňdy.
Eý-ho! Bu ne boldugy!
Urgy üstüne urgy!
Bu urgularyň soňy haçan geljek? Allatagala näme üçin beýle ýowuz daraşýar?!
Näme üçin?
Ýa Hudaý, diňe özüňden medet!
«Allatagala bu gün menden ar alýar. Ol Habylyň bir gözüni kör edenligim üçin ar alýar. Allatagala öz zamahşarly deňi-duşlaryma ýowuz daraşandygym, olaryň käbirine şikes ýetirendigim üçin ar alýar. Allatagala enemiň sözüni diňlemän, Şamälik ýerçekeniň öňünden ylgap çykandygym üçin ar alýar, «Zamahşar gijesi» üçin ar alýar. Ata-enemiň, Habylyň, Gülýüzliniň ölümine sebäp bolandygym üçin ar alýar...» diýip, Altynjan içini gepletdi.
Ol gelenlere ýüzlendi:
– Şum habar bilen geldiňizmi?
– Biziň size ikiçäklikde aýtmaly nahan habarymyz bar, melikäm – diýip, hajyp titir-titir etdi.
– Giriň içerik!
Hajyp bilen işigagasy sandyrap çadyra girdi.
Altynjan olaryň hersine bir jam suw bermeklerini buýurdy.
Bir jam suwy içen hajyp bilen işigagasy söze başlabilmän biri-biriniň ýüzüne bakdy.
Altynjan hatyn olaryň aýdyp bilmän duran sözüni ýeňilleşdirdi:
– Arslan Besasurynyň işimi?!
– Hawa, hawa, melikäm. Arslan Besasury öýüňiziň ähli goş-golamyny weýran etdi, soňam otlady.
– Otlady?!
– Hawa, melikäm, Arslan Besasury öýüňizi otlady. Ol: «Indi zamana üýtgedi. Togrul beg tagtdan düşürildi. Indi seljuklylar soltanlygynyň soltany – Ybraýym soltan. Men Ybraýym soltanyň baş weziri. Men täze soltanyň tabşyrygyny ýerine ýetirýärin» diýýär.
– Wepat bolan adam känmi?
– Kän. Besasury Bagdada gan çaýkady. Iki ýüzden gowrak adamy öldürdi, köşgüňizdäki hyzmatkärleri hem uçdantutma öldürdi.
– Besdir. Maňa başga hiç zat aýtmaň. Sizden bir towakgam bar: maňa aýdan sözleriňizi häzirlikçe hiç kime aýtmaň. Sizi häzir hansalaryň ýanyna elterler. Onuň ýanyna baryp, gowy naharlanyň, soň men sizi özüm idäp taparyn. Häzirki baş maksat Togrul soltany halas etmek! Men Togrul soltany hökman halas ederin! Hökman! Düşnüklimi?
– Düşnükli, melikäm. Biz ýowuz habar getirdik. Biziň bu ýowuz habarymyzy çekmäge Allatagala size polat erk, Eýýubyňky deýin sabyrlylyk, Jirjisiňki deýin çydamlylyk bersin hernä! Enşa, ähli zat geçer. Ähli zat düzeler! Gaýrat ediň, çydaň! Allatagala sizi öz penasynda aman saklasyn! Işleriňiz rowaç, Rüstem Zal güýji ýaranyňyz bolsun!

**On dokuzynjy hekaýat**

## ÄRLIK ON BOLSA, DOKUZY HILEDIR

Arslan Besasury Togrul begiň goşuny Hemedanda Ybraýymyň eline geçensoň Wasyty keletä saldy: weýran etdi, Sadyllany, köp-köp adamy öldürdi, boş aýynyň sekizine bolsa, Mustansyryň tuguny göterip Bagdada girdi. Onuň tugunyň ýüzünde «Bu Müsüriň häkimidir» diýen ýazgy bardy. Kerhlileriň ählisi rafyzydy (sünni mezhebini terk edip, şaýy mezhebini kabul edenlerdi). Bagdatda azan okalanda şaýylaryň: «Haýyr işleri etmäge howlugyň!» diýen jümlesi goşuldy.

Şäheriň sünni ilatyny rafyzy etmek üçin söweş başlandy. Dört güne çeken söweşde Arslan Besasury Bagdadyň köp ýerini eýeledi. Onuň adamlary köpri gurup, şäheriň gündogar tarapyna geç-diler. Halyf Kaýym Bemryllah öz howlusynda, şeýle hem Mualla derýasynyň töwereginde duşman geçmez ýaly hendek gazdyrdy, ýöne hendek halyfy gorap bilmedi. Birtopar mähelle Mualla derýasyndan geçip, gazylan hendeklere seretmezden halyfy, onuň adamlaryny taladylar. Halyfyň adamlarynyň birnäçesi gara başyny halas etmek üçin Arslan Besasurynyň tarapyna geçdi.

Halyf ýalňyşdy: araplaryň emiri Kuraýyş ibn Bedrana çapar ýollap, ondan kömek sorady.

Kuraýyş ibn Bedranyň bar maksady halyfy ýok etmekdi. Ol pursatdan peýdalandy, kömek bermek bahanasy bilen gelip, halyfy ele saldy, tussag astyna aldy. Arslan Besasury hem halyfyň başlyklarbaşysy Abulkasym ibn Muslimäni tutdy. Ony masgaralamak maksady bilen kellesine demir şyrdak geýdirip, boýnuna monjuk dakyp, köçeme-köçe aýlady.

Garamaýak ilat halyfyň köşgüni talady.

Juma güni halyf metjidinde hemem Mansur metjidinde namaz okalmady.

«Abulharys Arslan Besasury Türkmen halyfyň köşgüne kazylary, mertebeli adamlary jemledi we olardan Mustansyr Ubeýdili üçin baýat (ähtnama) aldy. Kömpleriň garşy bolmagyna garamazdan, zorluk bilen äht etdirildi».[1] Halyf Kaýym Bemryllah edilen äht boýunça halyflyk wezipesinden hemem özüniň ähli emläginden el çekýärdi we özüniň Mustansyryň tabynlygynda durýandygyny, onuň mezhebine uýýandygyny, ony goldaýandygyny, mundan beýlägem goldajakdygyny ykrar edýärdi.

Zor görse, ýüň gazyk ýere girýär. Halyf mejbury bolansoň, öz başlyklarbaşysy Arslan Türkmen näme diýse, kaýyllyk bilen ýerine ýetirýärdi. Görgüli üç-dört gezek şolbir sözi gaýtalady:

– Arslan, men seni öz oglumdan, öz doganymdan zyýada görüp ezizledim. Sen näme üçin maňa beýle ýowuz daraýarsyň?

– Meniň saňa eden ýagşylygym azmy? Men seniň eden ýagşylygyňy on, ýok, ýigrimi, ýok, ýüz esse edip ýerine saldym. Ýa salmadymmy? Ýa eden ýagşylyklarymy, seniň emelsizlikleriňi ýeke-ýekeden sanap bereýinmi?

– Hökman däl.

– Hany, aýt, men saňa az hyzmat etdimmi? Men seniň mekirligiňe düşünýärin. Sen şu oturan kazylaryň, abraýly adamlaryň men hakda ýaramaz pikir etmegini isleýärsiň. «Arslan Türkmen gadyrbilmez eken» diýdirmekçi bolýarsyň. Aslynda bolsa, tersine, sen meniň eden ýagşylyklarymyň gadyryny bilmediň. Şonuň üçinem sen galan ömrüňi myzahyrlykda geçirmeli bolarsyň. Ähli zatlaryňy bize tabşyr!

Arap emiri Kuraýyş ibn Bedran bilen Arslan Besasury Türkmen maksatlaryna ýetdiler. Bagdatda apbaslylara okalýan hutba ýatyrylyp, Mustansyryň hormatyna hutba okalmaga başlandy. Beýle mertebe Mustansyryň ata-babalarynyň hiç birine-de miýesser etmändi.

Arslan Türkmen Togrul soltanyň hatyny bilen baglanyşykly adamlary, akgyzlary, hyzmatkärleri uçdantutma gyrdy.

* * *

**Şäheriň Ezis derwezesi açyldy.**

**Ilçi Ybraýym ynala Altynjan hatynyň habaryny ýetirdi:**

**– Men ýüwürjim bilen darkaş gurmak islemeýärin. Goý, ol meniň ýanyma gorkusyz gelsin, ýagdaýy düşündirsin. Näme isleýän bolsa, çekinmän, göni aýtsyn. Goý, ol menden gorkmasyn.**

**Altynjan beýik depäniň üstünden bargäh guratdy. Onuň içinde Kabyl özüniň ýedi sany pählewan jandary bilen tabşyryga taýýar bolup durdy. Altynjan olaryň etmeli işlerini birin-birin düşündirdi.**

**Ybraýym ynal atlylary bilen şäheriň derwezesinden çykanda uzyn hatar bolup duran atlylar Altynjan hatynyň tabşyrygy boýunça gygyryşmaga başlady:**

**– Muhammet Togrul soltana hamdy-salawat bolsun!**

**– Ybraýym bege hamdy-salawat bolsun!**

**– Ybraýym bege hamdy-salawat bolsun!**

**Hataran duran atlylar şol bir sözi birsyhly gaýtalaýardylar.**

**Ybraýym ynala bu sözler hoş ýakdy.**

**Ol, bu sözlerden soň arkaýynlanan bolarly, yzyna ýigrimi-otuz atlyny düşürip, Altynjan hatynyň ýanyna ugrady.**

Altynjan özüne bakan gelýän Ybraýym ynaly içgin synlady. Onuň garrandygyny, egbarlandygyny duýdy. Ybraýym ynal atyň üstünde ynamly otyrdy. Başynda Togrul soltanyň altyn jygasy lowurdaýardy. Bütin ömrüne üst-başyna, egin-eşigine pitiwa etmedik Ybraýym zerli don geýipdir. Ol, megerem, özüni soltan hasaplaýandyr, Altynjanyň ýanyna özüniň soltandygyny ykrar etdirmek, ähli seljuklylaryň, ähli musulmanlaryň özüni ýedi yklymyň soltany diýip ykrar etmegini gazanmak üçin gelýär, ýöne özüne gurlan duzagyň – gapanyň üstünden gelýändigini welin bilmeýär. Şu gün ömür tanapynyň üzüljekdigini-de bilmeýär.

Ybraýym özüniň bagtynyň ýatjak ýerine gelýär. Ol özüniň gara güýjüne bil baglap gelýär. Ol gara güýjüň ýagysynyň köpdügini bilenok. Ol piliň syçandan gorkýandygyny, şirleriň garynjalardan ejizdigini bilenok. Ol ärlik on bolsa, onuň dokuzynyň hiledigini bilenok.

Ybraýym Togrul soltanyň: «Gara güýç bilen, başa-baş söweşip gazanylan ýeňişde lezzet ýok. Ýeňşiň lezzeti tilsimde. Her hili hile, tilsim ulanyp, akyl bilen gazanylan ýeňiş iň lezzetli ýeňiş» diýip, her bir söweşden öň gaýtalan sözlerini näme üçin ýatlamaýarka? Häzirki söweşde-de özüne garşy hile ulanyljakdygyny näme üçin aňlamaýarkan?! «Eh, Ybraýym, Ybraýym! Wah, Ybraýym, meniň saňa nebsim agyrýar. Sen öte geçdiň. Haktagalanyň maňlaýyňa ýazmadyk derejesine ýetjek bolduň. Bu hem seniň ömür tanapyňy üzer. Hetden aşdyň, hetdiňi bilmediň. Haktagalanyň ýazgydyna kaýyl gelmediň. Patyşa bolmak isleýänler kän. Patyşa bolmaga mynasyplar-da kän. Tagtda oturmaga mynasypdygyň – patyşa bolmalydygyňy aňlatmaýar. Patyşa bolmaga mynasyp kişileriň içinden Haktagala diňe öz ýalkan bendesini saýlap alýar, ezizleýär. Şony hem patyşa göterýär. Men bu gün Togrul soltanyň öz ezizleýän söweş tilsimini seniň garşyňa ulanmaly boldum, Ybraýym! Sen menden aýp etme! Men soltana mynasyp aýal bolmak isleýärin. Men söýülmek isleýärin. Men Togrul soltana mynasyp hatyn bolmak isleýärin. Men Togrul soltana mynasyp naýyp bolmak isleýärin. Men bu gün Togrul soltana derek söweş meýdanyna çykdym. Diýmek, meniň söweş tilsimim hem Togrul soltanyňky deýin bolmaly!

Ýa Biribar, özüňden medet!»

Ybraýym aňyrdan gelşine dabaraly seslendi:

– Altynjan hatyn, Ybraýym soltanyň dergähine hoş geldiň, sapa geldiň!

Altynjan hatyn içki howsalasyny daşyna çykardy:

– Ybraýym, sen maňa göni aýt. Soltan dirimi?

— Haýsy soltan?

– Muhammet Togrul soltan.

– Muhammet indi soltan däl. Indi men – Ybraýym Seljukly soltan!

– Sen soltany öldürdiňmi?

– Men ony näme üçin öldüreýin?! Men ony öldürmek islemeýärin. Ol meniň doganym ahyryn. Men: «Ybraýym öz doganyny öldürip soltan boldy» diýen gepe galmak islemeýärin.

– Onda näme isleýärsiň?

– Men soltan bolmak isledim, maksadyma-da ýetdim, sebäbi men bütin ömrüme Togrula gulluk etdim. Ony häzirki derejesine men ýetirdim. Men! Ony sen bilýärsiň-ä! Indi, goý, Togrul maňa gulluk etsin! Men, nä, ondan kemmi? Muhammedem, Dawudam, menem – üçimizem bir enäniň ogullary. Biziň üçimiziňem ganymyz bir. Men Ýusup Ynanç (ynal) Seljugyň ogly. Biz – Seljuk begiň agtyklary. Biziň üçümiziň hukugymyz deň. Iň agyr söweşlere Togrul mydama meni ugratdy. Indi besdir, soltanlygy özüm dolandyrjak. Men ondan ýaş. Ol indi garrady, halysan aňkasy aşypdyr onuň. Goý, ol soltan ýaly ýaşasyn, ýöne hiç zada goşulmasyn. Adyny tutan zadyny tapyp getirip berjek. Togrul, goý, galan ömrüni meniň göztussagym bolsun. Men onuň hiç bir zadyny kem etmerin. Geýjek diýen geýmini geýdirerin, iýjek diýen nygmatyny iýdirerin, senem onuň ýanynda ýaşaber. Ýöne indi köşk işine goşulmarsyň. Besdir, indi çydap bilemok men. Goý, Togrul islese, meniň baş wezirim bolsun, islese, nedimim bolsun. Siziň hemmäňiz maňa boýun sunuň.

Eger boýun sunmasaňyz, onda men Togruly öldürmäge mejbur bolaryn. Togrulyň öldürilmegine sebäp bolmaň! Eger men ony öldürsem, günäsi siziň boýnuňyza bolar. Mende ikinji ýol ýok.

– Öňki Kaku şalygynyň, Rawwat şalygynyň ähli şäherlerine, ýerlerine emir bolup ýörsüň, bu saňa az bolýarmy?

– Elbetde, az. Men Togrulyň tabynlygyndaky ähli ýerlere şalyk etjek.

Altynjan özüni rahat alyp barmaga çalyşdy. Onuň bar pikiri özünden gitmezligidi, agyra çydamakdy. Ol özüne zor salyp dillendi:

– Adama bela özgeden däl, özünden gelýär.

– Hany Kundury? Hany, Anuşirwan? Goý, olar boýun sunýandyklaryny gelip aýtsynlar. Olar maňa tagzym etsinler, aýagyma ýykylsynlar! Altynjan hatyn, men senem myzahar etmerin. Togrul seniň gadyryňy bilmedi. Onuň soltan bolmagynda seniň hyzmatlaryň hem az däl. Ol ölse, seni özüme hatyn edinmekçi men...

– Haý, Ybraýym, Ybraýym! Oňarmadyň! Gaty gitdiň.

– Hany, Anuşirwan wezir? Kundury nirede?

– Olar ýok.

– Nirede olar?

– Olaryň nirededigini özlerinden başga bilýän kişi ýok. – Altynjan Anuşirwany bilen Kunduryny bile gaçan hökmünde ynandyrmaga çalyşdy: – Olar, iki doganyň dawasyna goşulmazlyk üçin, gaçdylar.

– Nirä?

– Haý, Ybraýym, men nireden bileýin olaryň nirä gaçandyklaryny? Meniň bir bilýän zadym – Anuşirwan bilen Kundury Bagdatdan günbatara gidipdir. Yzymdan kowaýmasynlar, ýetäýmesinler diýip, şäheriň günbataryndaky şol uly köprini ýumrup gidipdirler[2]. Men olaryň gaçanyna däl, köprini ýumrandyklaryna gynanmak gynandym.

– Men Anuşirwany gowy görýärin, ony özüme wezir edinjek, ýöne Kunduryny, nirä gaçsa-da, taparyn hem öldürerin. Ol mydama maňa garşy çykdy. Eger Kundury garşy çykmadyk bolsa, men birinji gezek baş göterenimde tagta geçýärdim. Kundury meni aldawa saldy. Meniň serkerdelerimi maňa garşy goýdy. Içimde duşman döretdi. Men ondan arymy alaryn, hökman alaryn! Men, Altynjan hatyn, saňa aýratyn sarpa goýýaryn.

– Bilýärin...

– Emir Ärdeşir Magmarany nirede?

– Ol hol depäniň üstünde beýleki wezir-wekiller bilen dur.

– Wezir-wekiller näme üçin meniň öňümden çykyp tagzym etmeýärler?

– Olaryň saňa tagzym etmekleri üçin, ilki ikimiz käbir zatlary özara ylalaşmaly.

Ybraýym Altynjanyň sözüne pisint etmän sorag berdi:

– Depäniň üstündäki çaga-çugalar näme?

– Olarmy? Olar seniň goşunyňdaky serkerdeleriň çagalary.

– Olary nireden tapdyňyz, näme üçin getirdiňiz?

– Eger seniň serkerdeleriň maňa garşy söweşmekçi bolsalar, onda meniň ýeke yşaratym bilen olaryň ählisiniň kellelerini keserler. Sen: «Ogluma sünnet toý edýärin» diýip, aldap, seljuk esgerlerini öldürdiň. Sen biziň bigünä esgerlerimizi öldürdiň, indi biz seniň wezir-wekilleriň bigünä çagalarynyň kellelerini «sünnet» etjek. Aldawy sen başladyň. Indi gezek biziňki!

– Munyň namartlyk bolýar. Bu söweşe çagalary goşmalyň.

– Namartlygy her kim özüçe kesgitleýär. Biz hem seniň bolşuňy namartlyk hasaplaýarys.

– Meni gorkuzaryn öýdýärsiňmi?

– Biz hem gorkudan daşdaky adamlar.

– Sizi şu ýere gorky getirdi…

– Ýok, bizi bu ýere gahar-gazap getirdi.

– Bes! Bes et! Men seniň bilen sanaşyp durmak islemeýärin. Derrew dyza çöküň! Ähli wezir-wekiller derrew ýanyma gelsin! Ýogsam meniň ýeke yşaratym bilen Togrul beg öldürilýär.

– Togrul bege bir zat bolsa, onda, men saňa söz berýärin – sen bu dünýäde aman ýaşamarsyň.

– «Gepleme!» diýýärin men saňa!

Altynjan dymdy.

– Näme üçin wezir-wekiller gelip, meniň aýagyma ýykylmaýarlar?!

– Onuň bir sebäbi bar.

– O nähili sebäp?

– Wezir-wekilleriň seniň aýagyňa ýykylmagy – saňa tabyn bolmagy üçin başda ikimiziň ikiçäk gürleşmegimiz, käbir zady ylalaşmagymyz gerek.
– Men gürleşmekçi däl!
– Onda wezir-wekiller gelmez, diňe uruşmaly bolarys. Çagalaryň agy seslerini eşidýärsiňmi? Şu ýagdaýda seniň adamlaryň bize garşy söweşmezler. Sen utularsyň, agyr ýagdaýda galarsyň.
Ybraýym uludan demini aldy:
– Näme aýtmakçy bolýarsyň? Aýdyber.
– Biziň käbir zatlary şaýatsyz maslahatlaşmagymyz, çözmegimiz gerek.
– Meniň öz adamlarymdan ýaşyryn zadym ýok, Altynjan hatyn.
– Dogrudyr, sende ýokdur, ýöne mende bar. Saňa pynhan aýtjak sözüm bar. Ol söz diňe ikimize degişli. Ony özgeler eşitmesin, bilmesin. Şol sözümden soň goşunyň seniň tarapyňa geçmelidigi ýa geçmeli däldigi hemem çagalaryň kysmaty belli bolar.
– Nirede gürleşmeli?
– Hana, şol bargähde – diýip, Altynjan uzakda bolmadyk bargähe elini uzatdy.
– Ýok, meniň köşgüme gideli.
– Köşge? Köşk – uzak, bargäh – ýakyn.
– Bargähde kim bar?
– Hiç kim ýok. Ol ýerde diňe ikimiz bolarys.
– Biri bar bolaýmasyn?!
– Ybraýym, gorkýarsyňmy? Biri bar bolsa, çykaryp kowarys!
– Eý, Altynjan hatyn, sen Ybraýymyň hiç zatdan hiç haçan gorkmandygyny bilmeýärsiňmi?
– Men seniň hiç bir zatdan gorkmaýandygyňy bilýärin. Ýöne meni özüňe duşman hasap etmegiň sebäbini welin bilmeýärin. Şu wagta çenli men saňa ýekeje-de ýamanlyk etmedim. Sen welin, maňa çökder ýamanlyk etdiň. Zalym-jeberut Arslan Besasury seniň buýrugyň bilen meniň doganym Sadyllany öldüripdir, mülkümi tozdurypdyr.
– Eýýäm eşidipsiň-ow?!
– Diňe ol däl, men seniň buýrugyň bilen Arslan Besasurynyň Bagdatdaky köşgümizi kelete edendigini-de, iki ýüzden gowrak hadymymy, hyzmatkärimi öldürendigini-de bilýärin.
– Ýeri, onsoň, sen maňa bu zatlar üçin bargähiňe salyp jeza berjek bolýarsyňmy?
– Saňa jeza bermegi Allatagala tabşyrýaryn, ýöne näme üçin maňa sütem edýärsiň?!
– Wa-weýla, onuň sebäbini bileňokmy? Togrul köp zatlar babatda seniň sözüňden çykanok. Arslan Besasury ylalaşyk isläp baranda, soltany onuň garşysyna goýan kim? Sen! Kabyl-a seniň bilen Togrul hakda gürleşmekden gorkýar.
– Diýmek, ýene köşkde seniň öz jansyzlaryň bar-da?!
– Maňa gözüň öwrenişipdir...
Altynjan atyndan düşdi-de, bargähe bakan ýöräp ugrady.
Ybraýym özüniň on sany jandary bilen Altynjan hatynyň yzyna düşdi. Altynjanyň: «Yzyňdakylaryň näme?» diýen terzde seredip durandygyny görüp, yzyndakylara «Siz galyň!» diýip buýurdy, ýeke özi bargähe bakan ýöredi:
– Seniň peýkeriňde peri gatanjyň bar bolaýmasyn, Altynjan hatyn? Sen birjigem garramansyň. Şol öňki tejelliňi saklaýarsyň. Seni hatyn edinmesem, ömrüm ömrem däl. Togruly öldürsem, nika maňa düşýär. Ýöne ony öldürmäge meniň elim baranok. Walla, çynym.
Altynjan bargähiň gapdalyna baryp saklandy, Ybraýymyň içerik girmegi üçin eli bilen mürähet etdi.
– Owallan sen gir!
– Bize seredip durlar! Men – hatyn. Eger senden öň girsem, seniň adamlaryň nähili pikir eder?
– Dogry aýdýarsyň! Ilki men gireýin, men soltan ahyryn.
– Birinji gezek soltan bolmak isläniňde saňa goltgy beren kişiler – Togrul soltanyň ýanynda işläp ýören wezir-wekiller eken. Bu gezegem saňa gylaw bereniň Togrul soltanyň ýanyndaky wezipeli adamlardygyny aňýaryn. Adamlar seni gowy görýärler. Sen bihal adam däl.
– Dogry aýdýarsyň. Men bihal adam däl. Sen maňa dogry baha berdiň. Men soltan bolmaga mynasyp adam.
– Meni bir zat geň galdyrýar. Togrul soltanyň duzuny iýip, Gurhandan wepadarlyk kasamyny içip, seniň bilen nahan dildüwşük geçiren, soltana dönüklik eden biž kişiler saňa wepa bererler öýdýärsiňmi?
– Maňa dönüklik etseler, damaklaryny çalaryn. Men olara, Togrul ýaly, geçirimlilik etmerin.
– Men olaryň kimlerdigini çak edýärin.

– Anyk bilýän dälsiň, ýöne men saňa açyk aýdaýyn. Ol – Ärdeşir Magmarany.
– Dönüge güzeşt bolmaz! Hany, içeri gireli.
– Seniň bu sözüňden soň maňa içeri syrly görünýär.
Altynjan öz-özüne käýindi: «Aý, Altynjan, Altynjan! Bärden gaýdýan ýerleriň kän-ow seniň! Bu sözleri aýtmak nämä gerek boldy saňa?! Içeri giren bolsa, iş bitýärdi. Zenanlar mydama bilesigelijiliginiň pidasy bolýarlar. Ynha, meniň bilesigelijiligim sebäpli bar zat bulaşdy».
– Ybraýym, men seni hiç bir zatdan gorkmaýan batyr gerçek hasaplap ýördüm. Belki, ilki men girerin?! Ä?!
– Altynjan hatyn, men saňa ynanýaryn. Ýöne seniň ýaňky sözleriňden soň bargähiň içi maňa hakykatdan hem şübheli, gorkuly görünýär. Sag egnimde oturan perişdäm maňa: «Ybraýym, içerik girme!» diýýär.
– Girmäge gorkýarsyňmy? Onda ýagdaýlar üýtgeýär. Başgaça çemeleşmeli bolýarys. Onda içerdäkiler daşaryk çykmaly bolarlar – diýip, Altynjan içerdäkilere eşitdirmek maksady bilen oran turuzdy. – Kabyl daşary çykyp, maksadyna ýeter. Ol derrew daşary çykar. Seni zor bilen içeri salsyn!
– O nähili içerdäkiler? Sen: «Bargähiň içinde hiç kim ýok» diýdiň-ä? Içerde kim bar? Kim bar bolsa, goý, daşaryk çyksyn!
Altynjan hatyn baş atdy:
– Goý, seniň diýeniň bolsun! Goý, içerdäkiler daşary çykyp, seni içeri salsynlar. Kabyl howluksyn, ýagdaýlar üýtgedi!
– Näme, näme?! – Ybraýym towsaryldy, nämäniň-nämedigine düşünip, hyrra yzyna öwrüldi, gaçmaga welin ýetişmedi: Altynjan onuň üstüne topuldy. Ony ýüzin ýykyp, bogmaga başlady.
Bargähiň tutusy bat bilen serpildi. Içerden ýedi pählewan çykyp, «Ýa Hu!» diýip gygyryşyp, Altynjana kömege ýetişmek üçin ylgady. Ybraýymyň haýyna-waýyna bakman, sähel salymda ony bargähiň içine saldylar.
Altynjan sähelçe diňşirgendi. Bargähiň içinden bogulýan kişiniň aýylganç sesi duranlaryň depe saçlaryny syh-syh etdi. Şol galagoply pursatda Altynjan hatyn özünden gitdi: duran ýerinden arkan ýykyldy.
– Kabyl, Altynjan hatyn ýykyldy! – diýip, kimdir biri gygyrdy.
Kabyl ylgap geldi, uýasynyň başyny ýerden göterdi:
– Mähriban doganym!.. – diýip endiredi: – Altynjan!..
Altynjan uzak ýatmady, özüne geldi, gözlerini açdy:
– Kabyl, maňa näme boldy?
– Sen özüňden gitdiň.
– Ybraýym nirede?
– Arkaýyn bol, doganym, iş bitdi, ony ele saldyk.
– Taňry ýalkasyn, Kabyl, Taňry ýalkasyn! Ähliňize taňryýalkasyn!
– Ýeri, ýagdaýlaryň niçik?
– Men köp ýatdymmy?
– Ýok, ýok, köp däl!
– Doganym, maňa tekge ber, men ýerimden galaýyn.
Kabyl Altynjanyň gozganman ýatmalydygyny, çünki derdiniň agyrdygyny bilýärdi, ýöne häzirki pursatda onsuz hiç bir zat çözüljek däldi, ol juda gerekdi, şonuň üçin hem iki jahan owarrasy halda Altynjanyň ýerinden turmagyna, ata atlanmagyna hemaýat berdi.
Altynjan Ybraýymly mesele beýle aňsat çözüler öýtmändi. Onuň göwnüne, ähli zat ýalan ýalydy.
Iki ýüz elli ýyldan-da gowrak wagt mundan owal Harun ar-Raşidiň guran tilsimi, Altynjanyň durmuşynda gaýtalandy[3]!..
Harun ar-Raşidiň bu tilsimi Altynjanyň hoşuna gelipdi. Şonuň üçin ol bu tilsimi peýdalanmagy ýüregine düwdi. Maksadyny hiç kime aýtmady. Bu töwekgelligiň amal tapmagyny Biribardan dileg etdi.
Altynjan bu tilsime aýratyn umyt baglady, ýöne diňe munuň bilen hem çäklenmedi. Ätiýaçdan ýene iki tilsimi goşmaça peýdalanmagy makul gördi.
Ol iki tilsimiň biri Ybraýym ynalyň egindeşleriniň maşgalalaryny, garyndaşlaryny girewde saklamakdy, ikinjisi, Ybraýymyň goşun serkerdelerini öz tarapyna çekmek üçin ogryn gepleşikler geçirmekdi.
Altynjan Ybraýym ynalyň iň ýakyn egindeşleriniň Reýde, Bagdatda ýaşaýan maşgalalaryny alyp gelmegi Ýagysyýan hana tabşyrdy.

Ybraýym ynalyň goşunynyň serkerdelerbaşysy Abul Muzapbar, garyndaşy Ärdaş, serkerdesi Mansur Azhary, arizi Hasan Söbügi, wezirleri Tahyr Ryza, Beşer ibn Hapyz Reýde ýaşaýardylar. Ärdaşyň alty ogly bardy. Onuň alty oglunyň ikisi ýanyndady. Galanlary, ýaş bolansoň, öýlerindedi.

Emir Ýagysýan Ybraýymyň gullugundaky serkerdeleriň maşgalalaryndan on sany aýaly, otuzdan gowrak çagany Hemedana alyp geldi. Altynjan Abul Muzapbar, Tahyr Ryza, Ärdaş, Mansur Azhary, Hasan Söbük, Beşer ibn Hapyz bilen nahanlykda gürleşmek üçin emirler Hapban Endikänini we Bu-l-Kasymy gönderdi, olara eger Togrul soltana garşy söweşseler, onda olaryň çagalarynyň, tohum-tijiniň öldüriljekdigi habar berildi.

* * *

**Mübärek han ellerini galgadyp bargähden çykdy. Onuň elinde Ybraýym ynalyň başyndaky Togrul soltanyň altyn jygasy bardy.**

**Ybraýym ynalyň ýany bilen gelen atlylar jabjynyşdylar:**

**– Siziň edýäniňiz näme? Siz Ybraýymy öldürmäge, onuň mukaddes begzada ganyny dökmäge neneň het edip bildiňiz?! Ybraýym ynalyň gany dökülmeli gan däldir!**

**Bu kişiniň janykmasy ýöne ýere däldi. Soltan nesliniň gany mukaddes gan hasaplanýar. Soltan – Perwerdigäriň ýerdäki wekili. Onsoň soltanyň neberesiniň biriniň ganyny dökmek musulmançylykda iň gabahat günä hasaplanýardy, soltan ýa-da soltan neberesinden biri öldürilmeli bolsa, onda onuň ganyny çykarman öldürýärdiler. Köplenç ýaýyň kirşi bilen bogup öldürýärdiler ýa-da dardan asýardylar.**

**Bargähden çykanlaryň altyn jygany galgatmaklary Ybraýym ynalyň älemden gaýyp bolandygyny aňladýardy.**

**– Muhammet Togrul soltan!**

**– Muhammet Togrul soltana hamdy-salawat bolsun!**

**Bu alkyşy birden elli müň esgerli goşun jem bolup gygyrdy.**

**Ybraýym ynalyň yzyna düşüp gelen atlylar iki jahanowarrasy bolup, näme etjeklerini bilmän, birek-bireginiň ýüzüne seredişip, alakjaşyp durdylar. Ynanmaz ýaly däldi: bargähden çykan ýedi pählewanyň ellerindäki hanjarlary, egin-eşikleri gyrmyzy gandy! Aslynda welin, bu ynallylaryň gözlerini güýdüşdirmek hemem howlaryny basmak üçin Altynjanyň tapan çykalgasydy. Ybraýymy ýaýyň kirşine bogup öldürmek makul bilnipdi. Pählewanlaryň üst-başlaryna dört-bäş jam dowar gany dökülipdi.**

**Altynjan hatyn Ybraýym bilen gelen atlylara garap gygyrdy:**

**– Ybraýym pahyryň ýakyn adamy meniň ýanyma gelsin!**

**Atlylar öz aralarynda** gürleşdiler, onsoň olaryň arasyndan gyr atly, pişge murtly, gaba telpekli kişi gorka-gorka geldi.

Altynjan bu serkerdäni gören badyna tanady. Ol bu serkerdäni öň hem görüpdi. Bu serkerdäniň ady Ärdaşdy, Ybraýymyň iň ýakyn adamydy.

Bu serkerde Altynjana kän-kän hunabalar görkezen Şamäligi tutup getirip beren serkerdedi.

Şamäligi tutup dyza çökeren serkerdäni, heý, Altynjan unudarmy? Onuň bu serkerdä goýýan hormaty uludy, ýöne ol Ärdaşy tanamadykdan boldy:

– Adyň näme?

– Siz meni tanaýarsyňyz ahyryn!

– «Adyň näme?» diýip soraýaryn!

– Adym Ärdaş.

– Togrul soltanyň ýagdaýyny aýt maňa!

– Togrul beg, hatyn, el-Jeditde göztussagy bolup otyr. Ýagdaýy gowy däl, ýöne jany sag.

– Meni diňle, Ärdaş! Şol depäniň üstünde duran çagalary görýärsiňmi?

– Görýän. Eşitdim, aýtdylar.

– Şol çagalaryň içinde seniň dört sany çagaň bar. Sähel gyşyk hereket etseň, seniň şol dört çagaň kelleleri kesiljekdir. Düşnüklimi?

– Çagalarda näme günä bar?

– «Düşnüklimi?» diýýärin men saňa?

– Düşnükli...

– Men seni şu günden başlap Hemedan şäherine şihne belleýärin.

Ärdaş sakawlady:

– Ybraýym...

– Men aýatda diri adamlaryň gürrüňini edýärin. Düşnüklimi?

– Düşündim, Altynjan hatyn, düşündim.

– Seni näme üçin ýalkaýandygymyň sebäbini özüň aňýansyň.

– Aňýaryn, Altynjan hatyn, aňýaryn.

– Häzir şu ýerik Sistandan Çagry soltanyň ogly Alparslan geler. Ol gelýänçä Muhammet Togrul soltanyň üstünden guş uçup geçip bimaza etse-de, seni ýedi arka tohum-tijiň bilen ýedi gat ýeriň aşagyna sokaryn. Düşnüklimi?

– Düşnükli, hatyn, düşnükli!..

Altynjan öz-özüne geň galdy: «Düşnüklimi?» diýen sowaly köplenç Togrul soltan gaýtalaýardy. Bu gün, görüp otursa, Altynjanyň özem edil soltanyň gürleýiş äheňinde gürleýär.

Ärdaş ýere çöküp, ýeri togap edip, Altynjan hatyndan aman diledi:

– Çagalaryma aman beriň!

– Tur ýeriňden! Alparslan gelýänçä, soltanyň goragynda özüň dur. Hasabaty senden sorajakdyryn. Maňa häzir soltany görkezersiň.

– Lepbeý, hatyn!

Ärdaş bir böküşde atyna mündi.

Altynjan Ybraýym ynalyň atlylarynyň ýanyna bardy:

– Eşitdim-eşitmedim diýmäň, Togrul soltanyň garşysyna giden kişi hut süýtdeş dogany bolsa-da ýok edilýändir. Siziň aman galmagyňyz wepaňyza bagly bolar. Men Ärdaşy Hemedanyň şihnesi belleýärin. Biziň goşunymyz şähere girende bitiniň burny ganaýsa, ähliňizi uçdantutma gyrjakdyryn. Soltanyň goragynda meniň ýüz haşymym bolar. Meniň haşymlarymyň her bir sözi siziň üçin kanun bolmalydyr! Düşnüklimi?

– Düşnükli!.. – diýip, ynallylar başly-barat gygyryşdylar.

Altynjan soltanyň ýagdaýyny görüp gaýtmak üçin üç ýüz atlysyny yzyna tirkäp, şähere ugrady.

Mübärek han şähere ugran Altynjan hatynyň öňünden çykdy:

– Möhüm habarym bar.

Mübäregiň bu sözünden soň Altynjan hatynyň yzyndaky atlylar biraz gapdala çekildiler.

Altynjan hatyn Mübäregiň galagoplulygyna geňirgendi:

– Mübärek han, näme boldy?

– Men siziň içki howsalaňyza düşünýärin, ýöne häzir siziň şähere girmegiňiz dürs däl. Azajyk sabyr ediň. Entek şäherdäkiler Ybraýymyň öldürilendigini eşidip ýetişenok. Olaryň ählisi Togrul soltana, size garşy çykmaga het edip bilen adamlar. Olar sizi görseler, bagtlarynyň ýatandygyny aňsalar, gorkularyna, janhowullaryna herki wagşylygy etmekleri mümkin. Biraz tagapyl eýläň! Şäherdäkiler Ybraýymyň kysmatyny eşidip, mugyra gelsinler. Oňa çenli garaşyň! Töwekgellik etmäň, hatyn! Siz iň esasy işi etdiňiz. Indi siz rahatlanyň. Häzir şu ýere men Togrul soltany alyp geleýin.

– Eh, Mübärek han, sen meniň ýüregimi görmegi başarýan bolsadyň, onda sen bu sözleriňi aýtmazdyň. Häzir meni hiç hili güýç Togrul soltanyň diriligini görmek maksadymdan saklap bilmez. Edil şu pursat öljegimi görüp-bilip dursam hem men soltanyň ýanyna ylgaryn. Meni rahatlandyryp biljek ýeke-täk ýer – soltanyň ýany.

Mübärek han hyrçyny dişläp yza çekildi. Haýdan-haý Altynjanyň goragynda bolmaly jandarlaryň sanyny artdyrmaga girişdi, öz serkerdelerine anyk görkezmeler berdi. Altynjanyň barýan ugrunda öz esgerlerini goýdy. Altynjan hatynyň öňündenem, yzyndanam, sagydyr solundanam üç-dört hatar haşymlaryny ýöretdi.

Ärdaş Altynjan hatyna Togrul soltanyň göztussagy bolup oturan el-Jedit köşgündäki otagyny görkezdi.

Altynjan adamsynyň tirsekläp oturandygyny penjireden görüp, damagy doldy.

* * *

**Bird**en garaşylmadyk ahwalat ýüze çykdy:

– Kim Ybraýymy öldürmäge het etdi? Şu heleými?

Altynjan ýeňsesinden çykan sesi tanady. Bu Ybraýymyň weziri, naýyby Tahyr Ryza bolmaly.

Somalak telpekli bu kişi Anuşirwanyň ýegre şepesi bolmaly. Anuşirwan Altynjana, Togrul bege ýalbar-ýakar edip, ony goşunyň ariziniň kömekçisi edip işe aldyrtdy. Soňam Ybraýymyň uguny ýekeläp, ony oňa wezir belletdi.

«Men sizden bütin ömrüme razydyryn. Men siziň sadyk, wepaly guluňyz bolaryn» diýip ant içip, awy ýalan kezzap bu gün Altynjanyň üstüne sürnüp gelýär.

Altynjan hatyn özüniň goraljakdygyny bilýärdi, ýöne özüni goramagy jandarlaryna ýetirmedi: adamsynyň sowgat beren asfury hanjaryna elini ýetirdi, şeýlebir çaltlyk bilen yzyna öwrülip, hanjaryny Tahyr Ryzany nyşanalap atdy.

Hanjar ýigrimi-otuz esgeriň öňüne düşüp gelýän Tahyr Ryzanyň çep döşüne çümdi.

Hiç kimse Altynjan hatyndan beýle çalasyn herekete garaşman eken. Ähli kişi doňan ýaly bolup, somalak telpegi çarhypelek deýin tigirlenip giden Tahyr Ryzanyň hokurdap ýykylyşyndan gözüni aýyrman durdy.

Altynjan dergazap bolup gygyrdy:

– Ýene kimiň ölesi gelýär?!

Megerem, ölesi gelýän başga ýok bolarly, hiç kimden ses-selem çykmady.

– Külli musulmanyň, ýedi yklymyň soltany birdir! Ol Muhammet Togrul soltandyr! Muhammet Togrul soltana garşy çykan her kesiň başy ölümlidir! Düşnüklimi? «Düşnüklimi?» diýýärin men size?!

– Düşnükli! – diýip, ähli kişi seslendi.

## Ýigriminji hekaýat

## AT ÇAPMAZ, BAGT ÇAPAR

BETBAGTLYK MYDAMA GARAŞMAN DURKAŇ GELÝÄR.

Ýöne Altynjan Hemedanda betbagtlygyň gelmegine herdem garaşýardy. Şol garaşylan betbagtlyk hem Togrul soltanyň goragynda bir ýarym müň esger goýup, ýaňy ata atlanjak pursady bir näkesiň atan oky bolup çawup geldi.

Ok Altynjanyň ýaraly bagrynyň gapdalyndan çümdi.

Altynjan ses edip içine çümen peýkamy bat bilen sogurdy-da, zyňyp goýberdi. Okuň gelen tarapyna seretdi.

Ok atan adamy derhal tapdylar.

– Şony meniň ýanyma tutup getiriň! – diýip, Altynjan hiç zat bolmadyk deýin ýoluny dowam etdirdi.

Altynjanyň ýanyndakylar ondan gözüni aýyrman seredýärdiler. Çünki onuň bolşy geňdi, juda geňdi.

Altynjan hatynyň döşünden ikinji gezek ok çümdi ahyryn!

Ok atan kişini tutup getirdiler.

Altynjan başyny dik tutup merdi-merdana duran kişini görüp aňk boldy.

– Wa-weýla, asyl, bu sizmi?

– Elbetde, men!

– Siz atdyňyzmy?

– Elbetde, men atdym! Hudaý seni ýene gorady, ýogsam meniň atan okumdan aman galýan adam ýokdy.

Altynjan näkesi tutup duran esgerlere kesgin aýtdy:

– Goýberiň ony!

– Muny goýberip bolmaz! Muny kerçem-kerçem etmesem, içim sowamaz. Bu meniň daýymy öldüren ganhor ahyryn! — diýip, Kabyl gahardan ýaňa titir-titir etdi.

Altynjan sözüniň diňlenilmejekdigini aňyp, soň bu hakda hiç zat diýmedi.

Sähel salymyň içinde Janahyr halwaçyny dogram-dogram etdiler.

Altynjan Kabylyň tekgesi bilen atyna atlandy.

Yzdan gelýän Kabyl ýuwaşja seslendi:

– Altynjan, ýagdaýyň niçik?

– Gowy!

– Senden gan akýar. Atyň eýeri eýýäm garagan boldy. Häzir ganyňy saklamasak, ölersiň.

– Maňa hiç zadam bolmaz.

Hemedanlylar ýola çykypdylar. Olar Altynjan hatyna buýsanç bilen seredýärdiler, ellerini galgadýardylar.

– Altynjan hatyn! Altynjan hatyn!

– Men gyzyma seniň adyňy dakdym, Altynjan!

Ýerli ilatyň Altynjan hatyna goýýan hormaty çäksiz uludy.

– Altynjan, dur, ganyňy saklaly, ýogsam soň giç bolar.

– Diýýäniň näme seniň, Kabyl?! Görýärmiň, ilat meni nähili hatyralaýar?! Şularyň öňünde men ýaramy daňaýynmy?

– Hatyra jandan ileri däldir!

– Gepleme!

– Altynjan, sen meni bütin ömrüme haýran galdyrdyň. Sen bedeniň etden-ä bolmaly däl. Sen demirdensiň, belki, ondan-da berk zatdan ýasalansyň!

Altynjan jogap bermedi.

Kabyl tebip tapyp getirmekleri üçin üç-dört sany jandaryny gönderdi.

Ybraýym ynalyň gullugyndaky wezirdir-serkerdeleriň dogan-garyndaşlarynyň arasynda bir tebip aýal bardy. «Derrew şol tebip aýaly Altynjanyň bargähine alyp gelmeli!» diýip, Kabyl tabşyryk berdi.

Altynjan hatyn şäherden çykyp, öz Wahan obasyndaky bargähine barýança atyny gorgunyna sürüp, ýoluň iki gyrasyndaky adamlara ellerini galgadyp, kä ýerde durup, adamlar bilen hal-ahwal soraşyp gitdi.

Altynjan hatynyň gany halys azalan bolarly, bargähiň deňinde ol özünden gidip, atdan ýykyldy, Kabyl ony saklamaga ýetişmedi.

* * *

**Onu**ň özüne gelmegi aňsat düşmedi: ganyny duruzdylar, em etdiler. Ol daňdana çenli özüni bilmän, aram-aram tisginip ýatdy. Özüne gelip, Kabylyň üstüne gygyrdy:

– Kabyl, sen näme üçin bu ýerde dursuň?

– Eýsem men nirede durmaly?

– Soltanyň ýanynda bolmaly, soltanyň! Ol açdyr. Meniň hansalarym Syddyhy derrew tap. Goý, ol iň gowy tagamlary, nazy-nygmatlary äkidip, – sen ýanynda dur! – soltany naharlasyn!

– Soltanyň ýagdaýy gowy. Sen öz aladaňy et, Altynjan!

– Men, näme, başga biriniň aladasyny edýärinmi häzir?! Men öz aladamy edýärin. Soltan – meniň aladam!

– Soltan aç galmaz, gaty arkaýyn bol!

– Etjek dälmi? Onda «Etjek däl!» diýip, göni aýt. Maňa seniň akylyň gerek däl! Sen etmek islemeseň, özüm ederin – diýip, Altynjan ýerinden turmakçy boldy. Göwresini göterip bilmän, entirekläp gitdi. Derrew ýanyndaky hyzmatkärler oňa tekge berdiler. Ony düşegine geçirip ýatyrdylar: – Heý, janymy ynanar ýaly adam ýokmy şu töwerekde? – diýip, Altynjan ýatan ýerinden gygyrdy.

– Ynansaňyz, men bar – diýip, Mübärek han seslendi.

– Men saňa ynanýaryn, Mübärek. Derrew meniň hansalarym Syddyhy tap. Goý, ol meniň üçin taýýarlan naharyny eltip soltana iýdirsin. Soltan naharlanyp bolýança başga hiç bir zada üns berme. Bar ünsüň soltanda bolsun...

– Altynjan hatyn, men hansalaryň ýanyna barýaryn. Men häzir Syddyhy taparyn. Ähli zady aýdyşyň ýaly ederin – diýip, Kabyl seslendi.

Haýran galaýmaly, şu sözleri aýdyp, Kabylyň hansalaryň yzyndan gitjekdigini eşidenden soň Altynjan hatyn ýene özünden gitdi. Ol üç gün özüni bilmän ýatdy. Dördünji gün özüne geldi, akgyzlaryň hemaýaty bilen oturdy, ýene adamsy barada sorady:

– Togrul begiň hal-ahwaly niçik?

– Gowy, ähli zatlar gowy, siz hiç bir zadyň aladasyny etmäň – diýip, akgyzlar Altynjan hatynyň daşyna üýşdüler. – Ybraýymyň adamlary toba geldiler.

– Alparslandan näme habar bar?

– Şu gün, giç galsa ertir geler.

Naharlanmagy üçin gowy görýän tagamyny – tutmaç bilen gowrulan togdary etini getirip berdiler. Altynjan gowrulan togdary döşüniň birini agzyna ýetirdi. Şol pursat nämedir bir zat ýadyna düşen dek doňdy

galdy. Gözlerini süzüp, nämedir bir zady ýatlamakçy boldy. Megerem, ýadyna salyp, bilmedi, ol howlukmaç seslendi:

– Kabyl! Kabyl, sen nirede?

Kabyl derrew Altynjanyň dergähine geldi:

– Kabyl, Anuşirwany wagtly-wagtynda naharlap durmak barada tabşyryk beripmidiň?

– Tabşyryk bermek nämä gerek, özlerem bilýändirler.

– Wah, doganym, janymy ýakma meniň, kim ol özünden bilip etjek?! Tabşyryk bereniňde etselerem, razy bolaýmaly ahyryn adamlardan. Eger hiç kime görkezme bermedik bolsaň, onda serkerdeleriň birini şu pille ugrat. Goý, ony gowy naharlasynlar. – Altynjan öňündäki gowrulan togdary etini saçaga dolap, Kabyla berdi. – Hajyp Abdyrahman Agajyny ugrat. Anuşirwan gowrulan togdary etini gowy görýär, şulary iýsin.

– Goý, ol aç otursyn!

– Ýok, ýok, beýle diýme. Derrew ugrat. Tabşyryk ber, ony wagtly-wagtynda naharlasynlar.

– Sen öz ryskyňy iý, Anuşirwana başga taparyn.

Kabyl çykyp gidenden soň, Altynjan gapydanyna ýüzlendi:.

– Kermandan Gurt geldimi?

– Şu gün, giç galsa, ertir geler.

– Ýakut geldimi?

– Şu gün, giç galsa, ertir geler.

Altynjan hatyn Alparslanyň gelerine, Togrul soltany halas ederine garaşýardy. Onuň bu islegi ýöne ýerden däldi. Soltanyň Alparslandan göwnüniň galan ýeri bardy, ol bu hakda açyk aýtmaýardy. Şeýle-de bolsa, muny Altynjan aňýardy.

Altynjan hatyn Alparslany biçak gowy görýärdi, onuň üstünliginde öz yhlasynyň miwesini görýärdi. Alparslanyň durşuna gujur, durşuna pähimdigi barada eşidende galkyjaklaberýärdi. Ol Alparslanyň lalasy bilen aralarynda hiç hili düşünişmezligiň bolmazlygyny isleýärdi. Ýöne, hany, isläniň mydama bolup durmy näme!

Alparslan ýaşlyk edip, ynak Ýusup Bazyrganynyň ýanynda ýüregini açypdy. Ana, şol hem ony lalasynyň ýanynda dili gysga edipdi. Altynjan Alparslanyň Ýusup Bazyrganynyň ýanynda näme diýenini, hernäçe çalyşsa-da bilip bilmändi. Alparslan soň ol hakda ejesine-de hiç zat diýmändi. Onuň ýeke-täk bir diýen sözi Altynjanyň ýadynda galdy: «Walydam, köşkde öz mertebäňi saklap gezmek Alynyň ala meýdanynda darkaş gurmakdan on esse agyr hem çylşyrymly. Köşkde adam adamyň, gep gepiň yzynda».

Togrul soltan: «Alparslan gaty köp zat isleýär. Ony görsem, meniň myrryhym atlanýar. Goý, ol, iň gowusy, Horasanda Çagry begiň ýanynda bolsun!» diýipdi.

Alparslanyň Fesa şäherine nahanlykda çapawulçylyk etmegi Togrul soltanyň köne nägileliginiň üstüne urna bolupdy. Şondan soň ol Alparslany wasp etmesini goýupdy, asyl onuň adynyň tutulmagyny islemeýärdi.

Çagry begiň başga bir ogluny – Süleýmany mirasdüşer billemek bilen, Togrul beg Alparslandan göwnüniň galandygyny ýaşyrjak bolup durmandy.

Süleýman on ýedi-on sekiz ýaşlaryndaky goç ýigitdi. Ol eýýäm iki ogluň atasydy. Onuň batyrlygyna, adamkärçiligine, serkerdeligine Togrul begiň syny oturýardy.

– Soltanlygymy men diňe Süleýmana ynanyp biljek – diýip, Togrul beg aýdýardy. – Nesip bolsa, Süleýman Seljuk soltanlygynyň çägini has giňelder, ýedi yklymyň soltany bolup, dünýäni musulman soltanlygyna öwrer.

Süleýman yhlaslydy: Togrul begiň ýanyndan aýrylmaýardy, hyzmatyny etmekden ýadamaýardy. Ol edeplidi, sowatlydy, arap, pars dillerini bilýärdi. Ol terkidünýädi. Bar wagtyny kitap okap geçirmegi gowy görýärdi.

Altynjan hatyn Süleýmany hem gowy görýärdi, ýöne Alparslan onuň üçin has ezizdi.

Häzirki döwürde Alparslan Sistanyň köp ýerini teshyr kylypdy. «Şanamanyň» watanyny[1] öz tabynlygyna geçirmek üçin Merwden gaýdypdy.

Togrul soltan Süleýmany özüne wezir belläpdi. Nirä gitse, ony ýanyndan aýyrmaýardy. Altynjanyň göwnüne, şu gün soltany Alparslan gelip halas etse, başky mähirli gatnaşyk ýene öňki akaba düşäýjek ýalydy. Altynjan soltanyň Alparslany: «Oglum!» diýip, ýene öňki ýaly ezizlemegini yzyny üzmän Allatagaladan dileg edýärdi.

Onuň saklanmagynyň ikinji bir sebäbi hem bardy.

Özüni Ybraýymyň zulumyndan aýal maşgala – hatyny halas etse, Togrul soltanyň muny özüne namys biljekdigi gutulgysyzdy. Meger, soltan adamlaryň ýüzüne seretmäge namys eder? «Soltanyň başaryp

bilmedik zadyny hatyn başarýar. Diýmek, soltan hatynça ýok eken» diýip, haýsydyr bir agzyýelli ýelemýüwlediň aýtmagy-da mümkin. Ýogsam Mübärek han-da, Hapban Endikäni-de, emir Uhjury han-da, Ysmaýyl-da, Kabyl-da soltany azat etmäge gaty dyzmaçdy. Dogrusy, Altynjanyň bütin ömrüne eden arzuwy-da soltana özüniň bihal hatyn däldigini görkezmekdi, ýöne bu gün bütin ömrüne eden pikirinden el çekdi. «Äriňden rüstem boljak bolma. Är är ýerinde, hatyn hatyn ýerinde bolanda ýaşaýyş has gözeldir. Ärden rüstem bolmak agzalalykdan nyşan. Men soltany diňe bir soltan hökmünde däl, eýsem ärim hökmünde-de hormatlamaga borçly».

«Soltan göztussagy bolup ýeke dem salymlyk hem oturmasyn. Soltany çykaraly!» diýip, Kabyl iki gezek Altynjanyň ýanyna geldi.

«Garaş! Alparslan gelsin!» diýip, Altynjan jogap berdi.

«Altynjan, men-ä saňa düşünýän däldirin, walla. Şeýle şanly pursady näme üçin Alparslana bermekçi bolýarsyň? Entek ol ýaş. Onuň ýeňişleri öňde!»

Altynjan hatyn özüne Kabylyň düşünmeýändigine, düşündirmäge bolsa rowgatynyň ýokdugyna gynandy.

* * *

– Emir Alparslan gelýär!

Ýaňyja-da ýerinden galmaga mejaly bolmadyk hatyna niredendir bir ýerden tükeniksiz kuwwat-gaýrat geldi. Ol zöwwe ýerinden galdy:

– Eşidýärsiňizmi, Alparslan gelýär! – diýip, töweregindäkilere seretdi.

– Hatyn, siz turmaly däl. Ýaraňyz birden beterleşäýmesin.

– Diýýäniň näme seniň?! Meniň düşekde ýatanymy görse, Alparslanyň ýüregi ýarylmazmy? Meni derrew geýindiriň. Özem Alparslan maňa ok atylandygyny bilmeli däldir. Düşnüklimi?

– Düşnükli, hatyn, düşnükli – diýip, Mübärek han Altynjan hatynyň öňünde tagzym etdi.

Altynjan hatyny isleýşi ýaly geýindirdiler. Şondan soň ol Alparslany garşylamak üçin daşaryk çykdy.

Alparslan altmyş müň atly bilen geldi.

Ol walydasynyň ýanyna gelip, ýekedyz oturyp, oňa tagzym etdi.

– Geldiňmi, oglum?! – diýip, Altynjan Alparslanyň başyny sypady: – Sen-ä är ýigit çykypsyň.

– Walydam, walydym nirede?

– Walydyň saňa garaşyp otyr.

– Ony näme üçin özüňiz çykarmadyňyz?

– Soltany özüň halas et, Alparslan! Bar, balam, bar, lalaňy alyp gel! Onuň içi gysýandyr. Seni göresi gelýändir. Men size şu ýerde galaşaryn.

Alparslan yzyna garaý-garaý gitdi.

* * *

**Altynjan b**eýik Hegmatan depäniň üstünde bargähiniň ýanynda durup, dem sanap soltanyň gelerine garaşdy. Onuň bar ünsi Hemedanyň günbatar derwezesindedi.

Altynjanyň nazary birden al-asmanda gaýyp ýören bürgütde saklandy.

Bürgüt ganatlaryny käte bir ýaýallyk bilen gymyldadyp, Asmanda gaýyp ýördi.

Ýok, ýok, täsin, hakyt aşak bakyp dur ol!

Ol Altynjana seredýän bolsun gerek.

Altynjan Tümen daýysyny ýatlady. Daýysy: «Beýik Allada bihasap zat ýok. Siz meni gowy görýärsiňiz, men size gerek, rast, Alla sizden meni aýryp alýan bolsa, onda ol size menden has gowy, menden has peýdaly birini berjekdir. Ýitirmän, tapyp bolýan däldir. Meni ýitirip, meniň ýerime tapjagyňyz menden has gowy bolar... Meniň şu sözlerimi ýene on-ýigrimi ýyldan soň hakydaňda aýlarsyň. Ana, şonda: «Daýym hak aýdan eken» diýersiň» diýipdi. Soňam: «Men bu panyda oglum Anuşirwana bürgüt bolup ýol görkezerin, bagt görkezerin» diýipdi.

Altynjan birden batly gygyrdy:

– Eý, bürgüt, ber gut! Ber gut! Maňa bagt ber! Togrul soltana rowaçlyk ber! Goý, Togrul soltan derrew gelsin!

Altynjan hatynyň bu sözlerini goşun goldady. Ähli seljuk goşuny başly-barat bürgütden gut-bagt – Togrul soltanyň sag-aman gelmegini dilemäge başlady:

– Eý, bürgüt! Togrul soltana rowaçlyk ber!

– Togrul soltana salawatlyk ber!

– Ber gut! Ber gut!

– Togrul soltan – yslamyň din gylyjy! Togrul soltana hamdy-salawat bolsun! – diýip, goşun birsyhly gaýtalamaga başlady.

Diňe bir şäheriň daşynda däl, içinde-de gowur artyp ugrady.

Altynjan Hemedanyň içinde ýaňlanýan seslerden Muhammet Togrul soltanyň ýola düşendigini, onuň ýene sähel salymdan öz ýanyna geljekdigini aňdy.

– Togrul begim gelýär! Togrul soltanym gelýär! Musulmanyň guwanjy gelýär! Serediň! – diýip, Altynjan özbaşyna pyşyrdady. Onuň bu pyşyrdysyny eşiden ýaly, goşun:

– Soltan gelýär! Togrul soltan gelýär! – diýip gygyrdy.

Birtopar atly göründi. Iň öňden gelýän Togrul soltandy. Onuň yzyndan Gutulmyş beg bilen Süleýman mälik gelýärdi.

Togrul soltan atyny debsiläp, Altynjan hatynyň duran Hegmatan depesine çykdy. Adamsyny synlap duran Altynjan hatyn begenjine gözünden boýur-boýur ýaş dökdi.

Togrul soltan Altynjan hatynyň ýanyna gelip atdan düşdi.

Begençden ýaňa aglap duran hatynyny ilkinji ýola görýän deýin, boýdan-başa synlady. Onuň bolup durşy öz minnetdarlygyny nädip beýan etjegini bilmeýän ýalydy. Ol hatynynyň sag elinden tutup, mähir bilen dillendi:

– «Hatyn» diýsem, hatyndan, «dogan» diýsem, doganymdan zyýadam sen meniň! Seniň bu gaýduwsyzlygyňy senden özge hiç kimse başaryp bilmez! Seniň bu hyzmatyňa minnetdarlyk bildirmäge häzir men söz tapmaýaryn, ýöne meniň saňa bolan buýsanjymyň, guwanjymyň çäksizdigini bil. Şu mahal seni bagryma basasym gelýär. Seni depäme täç edip goşunyň öňünden geçesim gelýär. Men seniň öňüňde dik başymy egýärin, Altynjan! Saňa baş egýärin!

Togrul soltan hatynyny garsa gujaklady:

– Ýeri, ýaraň azar bermän durmy?!

– Wiý, siz ol barada-da eşitdiňizmi?

– Bilýärin, Altynjan, bilýärin.

Altynjan hatyn Alparslana: «Näme üçin aýtdyň?» diýen terzde seretdi.

Alparslan ýylgyrdy:

– Soltan ähli zady bilmese bolmaz-a!

Altynjan asfury hanjary elinde birki gezek saldarlady-da, Togrul soltana ýüzlendi:

– Begim, eger oňlasaňyz, siziň sowgat beren şu hanjaryňyzy men bu gün Alparslana gowşurmak isleýärin. Goý, Alparslan mydama biziň ýeňşimiz bolsun!

– Saňa makul zat – maňa-de makul, Altynjan! – diýip, Togrul beg hatynyna mähir-muhabbet bilen bakdy.

Alparslan Altynjan hatynyň öňünde ýekedyz oturyp, asfury hanjary kabul etdi:

– Senden umydymyz ulydyr, oglum!

– Men sizi ýüňsakgal etmerin, walydam!

– Sen külli musulmanyň halallygy, sogaby bol.

– Naýyp! – Soltan Altynjana ýüzlendi: – Bu zatlardan soň Hemedanda uly toý tutmasak, gelşiksiz bolar.

– Toýdan bolsun, begim! Şeýlebir toý tutarys! Bu toý halkyň uzak-uzak wagtlap ýadyndan çykmaz, enşa.

– Goý, şeýle bolsun!

## Ýigrimi birinji hekaýat

## ÝAKYNYŇ ÝOLAN SAKGALY BITMEZ

Ýigrimi bir günden soň ýedi sany lukman Togrul soltanyň dergähine gelip, habarlaryny mälim etdiler:

– Kyblaýy älemimiz, gözüňiz aýdyň! Ýanýoldaşyňyzdan Ezraýyl elini çekdi – diýip, bagdatly lukman söze başlady, ýöne onuň yzynda duran yspyhanly lukman kärdeşiniň sözüni haýal gördümi ýa makul görmedimi-nämemi, iki ädim öňe saýlanyp, sözledi:

– Aly makam, tabşyrygyňyzy ýerine ýetirdik. Alla bize ýardamçy boldy. Biz häzir siziň dergähiňize hatynyňyza abanan ölüm howpunyň aýrylandygyny, nesip bolsa, Altynjan melikäňiziň saglygyny dikeltmäge güýjümiziň doly ýetjekdigini size habar bermäge geldik.

Yzda duran lukmanlaryň birisi yspyhanly lukmanyň synyndan çekdi, şondan soň bagdatly lukman başky sözüni dowam etdirdi:

– Kyblaýy älemimiz, gözüňiz aýdyň! Ýigrimi bir güne çeken yhlasymyz ýerine düşdi. Altynjan hatyna abanan howp aradan aýryldy. Biz size bu begenjimizi ýetirmäge geldik.

Bu habary eşiden soltan tagtyndan düşüp, lukmanlaryň ýeke-ýekeden elini gysyp, minnetdarlygyny bildirdi:

– Ýedi baş lukmana iki müňden, galan ýigrimi bäş lukmana bir müňden dinar hedýe bermeli – diýip, soltan Süleýman mälige görkezme berdi.

Beýtilmal diwanynyň sahyby Bu-l-Kasym dessine lukmanlara içi dinarly haltajyklary paýlap çykdy.

Soltan hatynynyň halyny soramak üçin bärgähinden çykdy.

Soltanyň hem Altynjan hatynyň bargähleri şindem Hemedan şäheriniň gapdalyndaky Hegmatan depesiniň üstündedi. Soltan ýolda Altynjanyň kösenmeginden ätiýaç edip, şu depäni özüne düşleg edinipdi. Özüniň bargähini-de hatynynyň bargähiniň gapdalyndan dikipdi.

– Altynjan hatyn aýak üstüne galýança biz şu ýerde bolarys – diýip, soltan kesgitli aýdypdy. Şondan bäri soltanyň özi-de hiç ýerik gidenokdy.

Togrul beg Alparslandyr Süleýman bilen Altynjan hatynyň ýanyna ugrady.

* * *

Altynjan hatyn on-on bäş gat ýazylan ýumjak ýogranyň üstünde töweregine geňirgenme bilen seredip otyrdy.

Ol ýigrimi bir günläp agyr ýagdaýda ýatypdy, ine, bu gün bolsa özüne gelipdi. Horlanypdy, görnetin horlanypdy. Şonda-da gözelligini ýitirmändi.

Togrul beg hatynynyň ýüzüne buýsanç bilen bakdy, onuň öňünde aşak oturdy.

Altynjan soltan bilen içeri giren Alparslandyr Süleýmana, birtopar nätanyş lukmana, bargähiň günbatar tarapynda çugutdyryp oturan Kabyla geň galyp seretdi. Soňam Alparslana ýüzlendi:

– Men uzak ýatdymmy? Bu nätanyş kişiler bu ýerde näme iş edýärler?

Alparslan näme jogap berjegini bilmän, delalat isläp Togrul bege bakdy.

Soltan kömege ýetişdi:

– Altynjan, Hudaýa şükür, indi bäri bakdyň.

Altynjan tekepbirlik etdi:

– Men näçe günläp özümi bilmän ýatdym.

– Birki gün...

– Toýuň şagalaňynyň sesi eşidilenok-la?

– Haýsy toýuň?

– Siziň başyňyzdan inen Ybraýym apatynyň sag-amanlyk bilen sowlandygynyň hatyrasyna...

– Toýy aýak üstüne galanyňdan soň, uludan ederis.

– Men sebäpli toýy soňa goýmaly däl ekeniňiz.

– Aýdyşyň ýaly etdik, Altyn gyz!

Altynjan soltanyň bu sözünden özünden haýsydyr bir zadyň ýaşyrylýandygyny aňdy, ýöne ony biljek bolup tekepbirlik etmedi.

– Bu nätanyş kişiler kimler? Derhal daşary çyksynlar? Çykyň daşaryk! Näsag halda hiç kime görünmek islämok men...

* * *

**Içeri giren gapydan Togrul soltanyň gapdalynda aşak çökdi, gulagyna çawuş çakmakçy boldy.**
**– Näme habaryň bolsa göni aýdyber.**
**Gapydan aýdyljak habary Altynjan hatynyň eşitmegini islemeýän bolarly, ol bir Altynjanyň, birem soltanyň ýüzüne seretdi.**
**– Aýdyber, aýdyber kim gelýär?**
**Biraz diňşirgenip oturan Altynjan:**
**– Atyň üstünde oturmaga ram etmedik bir nalajedeýin kişi gelýär – diýdi.**
**– Ony nädip bilýärsiň, lalam? – diýip, Alparslan gyzyklandy.**
**– Siziň lalaňyzyň bilýän zatlary kän – diýip, Togrul beg Altynjana buýsançly bakdy.**
**– Kimkä ol nalajedeýin kişi? – diýip, Süleýman gyzyklandy.**
**– Merhemetli hökümdarym, gelýän halyf Kaýym Bemryllahyň Seýidde atly gyzy, ol ýetip gelýär.**
**– Lalam, siziň «Atyň üstünde oturmaga ram etmedik nalajedeýin» diýen sözüňiz dogry çykdy. Halyfyň gyzy, dogrudanam, atyň üstünde oturmaga ram eden däldir – diýip, Alparslan Altynjan hatyny göz astyndan nahan synlady.**
– **Ol b**u ýere näme üçin gelýärkä?
– Kimdir biri oňa Altynjan hatynyň ýaradardygyny, düşege baglanandygyny aýdypdyr. Ol bu habary eşidip, Hamedana aýak ýalaň, baş açyk göni gaýdarman bolupdyr. Halyf ony saklajak bolupdyr. Seýidde öz janyna kast etmäge synanyşypdyr. «Men ýa Altynjan hatynyň ýanyna gidip, onuň derdine derman boljak, gerek bolsa, synamy kesip berjek, tä aýak üstüne galýança başujunda hyzmatynda durjak ýa-da özümi öldürjek» diýip, ol halyfa açyk aýdypdyr. Halyf alaçsyz halda gyzyna gitmäge rugsat beripdir. Çaparyň aýtmagyna görä, halyfyň gyzy ýolboýy: «Altynjan hatyn! Altynjan hatyn!» diýip aglap gelýärmiş.
– Aglap-eňräp Altynjany biynjalyk edäýmesin?! – diýip, Kabyl gorsaň-gozgalaň tapdy. – Belki, ony içeri goýbermeris?!
– Halyfyň saklap bilmedik gyzyny bizem saklap bilmeris. Goý, gelsin. Ýagdaýa görä bolarys.
Soltanyň bu sözünden soň gapydan baş atyp çykyp gitdi.
Dogudanam, halyfyň gyzy Seýiddäni hiç kim saklamady, ony hiç kim saklap biljek hem däldi. Ol Hegmatan depesiniň ýanyna geldi-de, pyýadalap depä dyrmaşmaga başlady.
Göni Altynjan hatynyň bargähine bakan ugrady. Ol hiç kimden salgy almady, hiç kimden hiç zat hem soramady. Onuň bolup gelşi Altynjan hatynyň bargähine belet, öň bu ýere telim ýola gelen ýalydy. Aslynda bolsa ol bu ýere birinji gezek gelýärdi.
Göni gaýtdy.
Ony – geň – sakçylaryň ýekesem saklamady.
Başy açyk, aýagy ýalaňaç bolsa-da, onuň bihal gyz däldigi dogumly ädiminden, keşmerinden, egnindäki eşiginden bildirýärdi. Arap gyzlary bu gyz ýaly saçyny ýaýyp köçä çykmaýardy.
Seýidde başynda tuwagynyň ýokdugyna ünsem berenokdy.
Ol aglajak agysyny ýolda aglan bolarly, bargähe agysyz, sessiz geldi, içeri hem sessiz girdi.
Içeri kürsäp girdi-de, içişikde biraz säginip, içerä nazar aýlady, Altynjan hatyny agtardy.
Altynjan hatyny gören Seýidde bütin durky bilen titredi.
Ol hatyna şeýlebir seretdi. Bu seredişde: «Ýagdaýyňyz nähili?» diýen sowal-da; «Men siziň ýagdaýyňyz hakda eşidip, gynandym, halyňyzdan habar alaýyn, derdiňize derman bolmaga çalşaýyn diýip geldim» diýen duýgydaşlyk-da, örtenmek-de bardy.
Gyz hatynyň öňünde ikidyz oturdy. Kemiş-kemiş etdi. Gözüni hatyndan aýyrman ýöne titräp durdy. Hamsykdy, sojap-sojap aglamaga başlady.
Altynjan hatyn ony köşeşdirmek maksady bilen başyny sypady.
... Şol günden başlap, Seýidde Altynjan hatynyň ýanynda galdy. Doly sagalýança ýanynda boljakdygyny hatyna ençe gezek aýtdy.

* * *

Altynjan hatynyň ýanyna barmaga ygtyýarly adamlar sanalgyjady. Togrul beg Alparslana, Süleýmana, Kabyla rugsat beripdi. Başga kişilere içeri girmek, hatynyň halyndan habar almak gadagandy. Altynjan hatyn welin ýanyna hiç kimiň gelmegini islemeýärdi. Soltana-da görünmek islänokdy, ýöne alajy ýokdy. Düşekde ýatan näsag halda görünmegi namys bilýärdi. Näsag ýatandygyna, turup bilmeýändigine jany ýanyp aglaýardy. Näsag halda adamlara görneninden ölenini müň paý gowy görýärdi. Togrul beg hatynynyň örtenmelerini aňlaýardy, şonuň üçinem ony biynjalyk etmezlige çalyşýardy.

Iki aýdan soň Altynjanyň ýagdaýy ganymatlaşdy.

Togrul soltan lukmanlar bilen maslahatlaşyp, Bagdada ugramak barada görkezme berdi.

Altynjan hatyn üçin ýörite sypa taýýarladylar. Onuň üstüne gat-gat düşek ýazyp, hatynyň kenizleri bilen ýazylyp-ýaýrap gitmegi üçin ähli şertleri döretdiler.

Sypany iki ýüz otuz esger göterýärdi. Her bir milden soň esgerleri çalyşýardylar. Soltanyň ýüz müň esgerli goşuny Altynjan hatynyň sypasyny äwmän-telesmän göterip barýardy. Bu sypany götermäge gatnaşmak goşunyň esgerleriniň arasynda uly mertebedi, uly derejedi. Çünki Altynjan hatyny esgerler juda hormatlaýardylar.

* * *

**Bagd**ada gelip, Togrul beg şindem zyndanda ýatan weziri Anişirwany boşatdy.

Anuşirwan ötünç sorap, soltanyň aýagyna ýykyldy.

– Men seniň günäňi geçýärin, Anuşirwan. Sen häzir eneň ýanyna bar, ondan ötünç sora!

Bu sözden soň Anuşirwan käbesiniň ýanyna ok bolup atyldy, ýöne Altynjan hatynyň agta gapydany ony içeri goýbermedi:

– Hatyn dynç alýar, rahatlygyny bozmaň!

Anuşirwan aljyrady, näme etjegini bilmedi:

– Enem janyň ýagdaýy nähili?!

– Ýagdaýy ganymatlaşýar öz-ä!..

Anuşirwan uludan demini aldy, gapa naýynjar nazar aýlady. Agta gapydan Anuşirwana ýüzlendi:

– Siz häzir gaýdyň, soň geläýiň.

– Men nirä gaýdaýyn? Meniň barara ýeke-täk gapym bar, ol hem şu gapy! Senem meni bu gapydan içeri goýbereňok. Men bar zady – enemiň ýagdaýynyň agyr bolandygyny bilýärin, zyndanda gije-gündiz eneme saglyk diledim.

Seýidde gapydan jyklady:

– Ýuwaş boluň!

Anuşirwan Seýiddä çiňerilip-çiňerilip seretdi, ýöne ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmän, gapynyň sag tarapynda aýbogdaşyny gurap oturdy. Garaşmaga başlady:

– Eý, agta, sen meniň walydama: «Daşişikde ogluň Anuşirwan dergähiňe gelmek üçin garaşyp otyr» diýip aýt! – Anuşirwan walydysynyň ýanyna derhal girmäge, özüniň ýalňyşandygyny boýun almaga, ötünç soramaga howlugýardy. «Günämi geçmese näderkäm?» diýen howsala oňa güzap berýärdi. Walydasynyň keşbi göz atuwyndan aýrylmaýardy. Onuň zyndana düşmezinden öňki ahwallar, özüniň şa täjini geýşi, walydasynyň gazaply garaýşy göz atuwyndan aýrylmaýardy. Herhal, günäsiniň geçilmegine sähelçe-de bolsa umydy bardy. Sebäbi öňler hernähili ýowuz etmişleri etse-de, walydasy onuň günäsini geçýärdi. Bu gezegem geçer. Onuň Anuşirwandan başga ezizleýän ýakyny ýog-a! Kabyl-a öwünjeň. Sözüne hä berip otursaň, ol on gije-gündizem öwünse gerek.

Ähli zat gülala-güllükdir. Sebäbi Togrul beg Anuşirwanyň günäsini geçip, ony öňki wezirliginde galdyrdy. Bu gowulygyň alamaty. «Soltan günämi geçip durka walydam geçmese bolmaz ahyryn!»

Agta gapydan esli garaşdyryp daşaryk çykdy. Anuşirwan:

– Giribereýinmi? – diýip ýerinden turup, gapa gönükdi.

Gapydan Anuşirwana nebsagyryjylyk bilen nazar aýlady, çalaja başyny ýaýkady:

– Rugsat bermedi...

– O nähili: «Rugsat bermedi?» Sen düşündirip aýdan dälsiň. Sen meni tanaýarsyňmy?

– Men sizi gaty gowy tanaýaryn. Siz bary-ýogy bir gün patyşa bolan Anuşirwan ibn Tümen. Siz Togrul beg bilen Altynjan hatynyň ogullygy. Siz mesligi göterip bilmedik nekgende. Ýagşylyga ýamanlyk bilen jogap bermegi başarýan adam siz...

– Gapyl! – Anuşirwan gapydanyň iki elinden tutdy-da, batly silterledi, soňam ýüzekessir suňşurdy.

Ol ýüzüni tutup aşak oturdy.

Esli wagtdan soň onuň ýanyna Kabyl geldi.

Kabyly gören Anuşirwan onuň ellerinden tutup ýalbarmaga başlady:

– Kabyl, näme üçin enem meni dergähine goýbermeýär? Ýalbarýan, ýalbarýan, kömek et! Enem meni näletlemesin! Kabyl, gaýrat et, kömek et, enem meni näletlemesin! Men goýberen ýalňyşyma düşünýärin. Galan ömrüme guluň bolup ýaşaýyn. Enem meniň günämi geçmese, men adamlaryň ýüzüne nädip seredeýin?! Eger enem günämi geçmese, onda ähli kişiniň meni näletlejekdigini bilýärin men. Meniň ömrüm käbäme bagly. Men üç aýa golaý wagt zyndanda ýatyp, köp zada akyl ýetirdim. Kabyl, gaýrat et!

– Men näme edeýin?

– Goý, enem meni kabul etsin. Men oňa ähli zady dü-şündirerin.

– Meni seniň ýanyňa Altynjan ugratdy, Anuşirwan. Meni diňle! Sen häzir bu ýerden git. Altynjany tolgundyrma. Onuň ýarawlygy ýok. Ýagdaýy biraz gowulaşandan soň, ol seni hökman kabul eder. Goý, ol häzir rahat dynç alsyn! Ynan, ol ýarawsyz halda hiç kime görünmek islänok, soltana-da görünmek islänok. Özüniň kesel ýatandygyny namys bilýär.

– Özi şeýle diýip aýtdymy?

– Hawa, özi şeýle diýdi.

Anuşirwan baş atyp, bargähden arany açdy.

* * *

**Bir h**epde garaşan Anuşirwan ýene walydasynyň dergähine geldi.

Altynjan hatyn ony ýene kabul etmedi.

Kabyl:

– Anuşirwan, sen oňa beled-ä! Rast, ol: «Kabul etjek däl» diýdimi, gutardy, näçe töwellaçy iberseňem, onuň pikirini üýtgedip bilmersiň.

– Sen oňa töwella etmediňmi? Sen maňa söz berdiň-ä?!

– Töwella etdim.

– Näme diýýär?!

– «Göwün gözgim döwüldi» diýýär.

– Indi näme etmeli?

– Senden etjek töwellam – bargähiň öňünde durma.

– Başga aýtjak zadyň ýokmy?

– Ýok... Meniň elimden gelýän başga zat ýok.

Anuşirwan göwünli-göwünsiz gitdi. Öňünden Alparslan bilen Süleýman çykdy.

– Wezir, ýüzüň salyk görünýär-le? – diýip, Alparslan onuň egnine kakdy.

Anuşirwan ýagdaýyny aýtdy.

– Sen bargähiň ýanynda garaş, ol seni kabul eder. Men onuň bilen gürleşeýin, men ony razy ederin. Seni janyndan eziz görýär ahyryn ol – diýip, Alparslan göçgünli sözledi.

Alparslan bu gün Sistana ugraýardy. Hoşlaşmak üçin Altynjan hatynyň ýanyna gelipdi.

* * *

Altynjan hatyn Alparslanyň gitjekdigine gynandy, sagalýança hiç ýere gitmän hatyralandygy üçin minnetdarlyk bildirdi, uly-uly ýeňişler gazanmagyny arzuw etdi:

– Walydam, siz maňa seljuk nesebiniň ýeňiş hanjaryny berdiňiz. Ol hanjar elimdekä ýeňiş gazanmasam bolmaz ahyryn – diýip, Alparslan bilindäki asfury hanjaryny alyp, maňlaýyna togap etdi.

– Alparslan, hany, menem pederlerimize ýeňiş getiren hanjary elime alyp göreýin-le?! – diýip, Süleýman elini uzatdy.

Alparslan asfury hanjary inisine uzatdy, birdenem yzyna aldy:

– Ýok, ýok, berjek däl! – diýip, ol hanjary biline gysdyrdy.

Kabyl dillendi:

– Ber, goý, görsün.

Altynjan hatyn hem bu pikiri goldady:

– Goý, görsin!

Alparslan başdansowma jogap berdi:

– Soň görkezerin!

Hanjaryň Süleýmana soň görkezilmejekdigine içerdäkileriň ählisi düşündi.
Süleýman öýkeledi, ýöne onuň öýkesine Alparslan pitiwa edip durmady. Ol walydasyna ýüzlendi:
– Lalam, daşarda Anuşirwan dur. Siz ony gowy görýärdiňiz ahyryn. Onuň günäsini geçmegiňizi towakga edýärin. Walydym hem onuň günäsini geçdi, öňki wezirlik wezipesinde işlemegine izin berdi.
Altynjan hatyn çuň gussa batdy:
– Men onuň günäsini geçmek isleýärin, ýöne... başaramok...
Alparslan Altynjan hatynyň agyr gussa batandygyny görüp, tiz gutulmagyny – ýakyn günlerde aýak üstüne galmagyny dileg edip, bargähden çykmak bilen boldy.
Daşarda Anuşirwan serasyma bolup durdy. Alparslan oňa göwünlik berdi:
– Wagt – lukman. Bary geçer gider. Walydam öýkesini unudar. Sen işiň bilen meşgul bol! Gowy-gowy işleri bitir. Walydaň seniň bitiren gowy-gowy işleriňi görüp, goý, ýene öňki gezekdäkileri ýaly begensin.
– Wa-daryg-a, hiç zada elim baranok.

* * *

**A**nuşirwan soňky gezek ýüregine daş baglap Altynjan hatynyň dergähine bardy.
Agta gapydan oňa şol öňki sözlerini gaýtalady:
– Size içeri girmek bolmaýar.
Anuşirwan gapydanyň üstüne gygyrdy:
– O näme üçin bolmaýar? Saňa bolan zat maňa bolanokmy? Indi senem menden artykmy, eý, agta!
– Melike sizi görmek islänok.
– Näme, görmek islänokmy? Meniň mähriban käbäm meni görmek islänokmy? – Anuşirwanyň kemligi tutdy, gözüne ýaş aýlandy: – Öldüriň meni, öldüriň! Bu sözleri eşidenimden, iň gowusy, öleýin. Men käbäme gerek däl! Käbäm meni görmek islänok. Ýöne meniň ony göresim gelýär-ä! Meniň käbämi göresim gelýär! Men käbämsiz ýaşap biljek däl! Ýaşap biljek däl! Men bu pelekde ýeke galdym. Käbä-äm! Käbä-äm ja-an! Nirede sen?! Meni ýeke goýma, käbäm! Men çydap bilemok. Seni göresim gelýär-ow. Seni göresim gelýär-ow, käbäm! Goýberiň meni käbämiň ýanyna! Sen nirede, ene?
Bu mahal lukmanlar Altynjan hatynyň ýaralaryna däri-derman çalyp durdylar.
Altynjan hatyn bu halda hiç kime görünmek islemeýärdi. Ýöne häzir Anuşirwany saklar ýaly däldi:
– Ene jan, sen nirede? – diýip, Anuşirwan agy gatyşykly gygyrýardy. Ol öňünden çykan kenizleriň, lukmanlaryň döşlerinden itip Altynjan hatynyň ýatan ýerine geldi. Onuň ýüzüne maňlaýyny degrip togap etdi: – Wa-daryg-a, wa-neýlet-a, bu tyg yzlaryny görüň-ä? Nädip dözdüküler?! Wa-daryg-a, dünýäm gapyşdy. Siziň şu güne düşmegiňize men sebäp boldum. Siziň ýaradar bolup, kesel ýatmagyňyza men günäkär. Men hudaýgargan ogul boldum! Alla näme üçin meniň janymy babamyňky bilen bile almadyka? Wa-daryg-a, men nädäýdim-ä, ene jan?! Meni ýanyňyzdan kowmaň! Meniň sizden başga hiç kimim ýog-a!..

* * *

Togrul soltan ikindinara Altynjan hatyny daşary gezime alyp çykdy.
Altynjan hatynyň şindem ysgyn-deramaty ýokdy. Gözüniň öňündäki uçgunjyklar gaýmalaşmagyny dowam edýärdiler.
Aşyr aýynyň ortalarydy. Howa sergindi. Demirgazyk tarapdan öwüsýän hoştap şemal janperwerdi.
Bagdat şäheri parahatdy. Şäheriň oglanlary alagykylyk edip gizlenpeçek oýnuny oýnaýardylar.
Soltan bilen hatyn dähedem-dessem ýöräp barýardy, köpden bäri bile gezim etmändiler. Dogrusy, uzaga çeken keselçilikden soň, Altynjan hatynyň birinji gezek soltan bilen gezelenje çykyşydy. Şeýle bolansoň, soltan gezimiň uzaga çekmeginden howatyrlanyp, hatynyny öňden taýýarlanylan düşege alyp bardy.
Altynjan hatyn alaşowhun edip gizlenpeçek oýnaýan oglanlara seretdi, ýaşlygyny ýatlady. Ol:
– Begim, serediň, arap çagalary biziň birmahalky oýnan gizlenpeçek oýnumyzy oýnaýarlar – diýip, geňirgenmesini daşyna çykardy.
– Eýsem näme! – diýip, soltan biraz oýlanyp jogap berdi: – Adamyň bütin ömri – tapmak. Alla dünýäni gizlenpeçek görnüşinde ýaradypdyr. Biri gizlenýär, beýlekisi tapýar. Dünýäniň bar lezzeti tapmakda. Durmuş gizlenpeçeginden men seni tapdym...

### Ýigrimi ikinji hekaýat

### TALAŇ SAÇAGY

Zyýapat uludan başlandy.

Saçak uludan ýazyldy. Onuň daşyna bäş müň adam ýerleşdi.

Saçagyň üstünde adyny tutan zadyň bardy.

Üstaduddaryň hem emir çaşnigiriň adamlary ýetişibildiklerinden saçaga tagam çekýärdiler.

Herdürli tagamlaryň ysy töwerek-daşa burk urýardy. Saçagyň başyna çökenler toý eýesiniň gelerine – nahara başlamaga izin bererine sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar.

Toý eýesi – soltan oturanlary uzak garaşdyrmady. Hajyp soltanyň gelýändigini yglan etdi.

Buýsançly sesler Asmana galdy:

– Togrul soltana sahawat bolsun!

– Togrul soltana salawat bolsun!

– Togrul soltana salamat bolsun!

Togrul soltan myhmanlar bilen salamlaşmaga durdy.

Myhmanlar hatara durup, soltanyň elini maňlaýlaryna sylyp, salam berip, geçip durdylar, käbir kişi bolsa, soltanyň aýagyna, donunyň synyna maňlaýyny degrip tagzym edýärdi, alkyşly sözlerini aýdýardy.

Soltanyň jansyzlary tertip-düzgüne gözegçilik edýärdi.

Biraz wagtdan soň hajyp Abdyrahman Agajy Altynjan hatynyň gelýändigini mälim etdi:

– Muhammet Togrul soltanyň hatyny hem naýyby Altynjan hatyn gelýär!

Myhmanlar ýene jem bolup gygyryşdylar:

– Altynjan hatyna salawat bolsun!

Bu sözler hemem Togrul soltana dilenilýän üç dileg birsyhly gaýtalandy.

Togrul soltan hatyny bilen özleri üçin niýetlenilen sypa tarap ugrady. Adamlar jaýlaşykly ornaşansoň, tagamyň hormatyna Amydylmülk (baş wezir) Gurhan okady.

– Adamlar, bu gün – Nowruz! Bu gün – Täze ýyl! Perwerdigär bize geçen ýyly synag ýyly etdi. Soltanlygymyzda agzybirligiň saklanmagy, dildüwşükleriň bolmazlygy üçin bar başarnygyny sarp edip, gije diýmän-gündiz diýmän işlän umury istihbaradymyzyň sahyby Bekdaş Rudbarynyň janyna kast edildi. Onuň ýatan ýeri ýagty, jaýy jennet bolsun! Ol biçak hüşgär, aladaçyl adamdy. Ol köp-köp adamlaryň pyssy-pyjurlyklarynyň üstüni açan sahypdy. Ol biziň soltanlygymyzy köp-köp hyýanatçylykly pällerden halas eýledi. Ýöne janyna kast edildi. Soň, görüp otursak, ol wagşylygy etdiren kişi öz adamymyz – Ybraýym eken. Meniň doganym Ybraýym – goý, onuň ýatan ýeri jennet bolsun! – parahat dünýämize zorlugy, sütemi girizjek boldy. Parahat günümize gan çaýkap, rafyzy mezhebine[1] öwürmäge çalyşdy. Ol biziň arkamyzda Perwerdigäriň durandygyny unutdy. Perwerdigär bize Arslan Besasury Türkmeni eden ýowuz işleri üçin jezalandyrmaga, arap emiri Kuraýyş ibn Bedrany akylyna aýlamaga, mömünler emiri Kaýym Bemryllahy öz tagtynda gaýtadan oturtmaga güýç-kuwwat berdi. Perwerdigäriň bu asylly işi bize ynanandygy üçin buýsanjymyzyň çägi ýokdur. Çawymyz ýedi yklyma[2] doldy. Men galan ömrümi-de ähli musulman raýatlarymyň rahatlygy, bolçulykda ýaşamagy üçin sarp ederin. Allatagala maňa kapyrlary musulman etmek parzyny ynandy. Sizi parahat ýaşatmak – meniň borjum.

Myhmanlar ýene gygyryşmaga başlady:

– Togrul soltana salamat bolsun.

– Togrul soltana salawat bolsun!

– Togrul soltana sahawat bolsun!

Tagama bissimylla edildi.

Daşdan seredeniňde desterhanyň üstünde goýlan nygmatlary, tagamlary iýip-tükedip bolar ýaly däldi. Ýöne bu pikir nädogry eken. Yhlas bilen ýapyşylanda gutarmajak zat ýok eken. Soltanyň desterhanyndaky zatlar gutarmasa-da gutaraňkyrlady.

Desterhana getirilýän kakmaçlaryň, çişlikleriň, gowrulan etleriň yzy üzülenokdy. Ýogsam soltanyň saçagyndaky nygmatlary, tagamlary iýip tükedip bolýandygyny oturan myhmanlar görene göz etjekdiler.

Iň kyny – garyn doýsa-da gözüň doýmaýanlygy.

Oturanlaryň galabasy garynlary doýansoňam gözlerini doýurmak üçin bir adamlyk iýdiler.

– Altyn gyz, ýagdaýyň niçik? – diýip, soltan hatynyndan ýuwaşja sorady.

Altynjan adamsynyň sözüni makullap baş atdy:
– Gowy, begim, gowy.

* * *

**Göçgü**nli saz çalynýardy.
Saçakdaky zatlardan iýlip-içilip bolnandan soň, aýat-töwir edildi, Gurhan okaldy.
Şondan soň myhmanlar aýdym diňlemäge, iki adamboýy beýiklikden asylan ýüpüň üstünde ýöräp, herhili oýunlar görkezýän darbazlara tomaşa etmäge, rakys oýnamaga girişdiler.
Altynjan oturan ýerinden Kabyly agtardy. Soltanyň ýerinden turup, baş wezir bilen nämedir bir zadyň gürrüňini edip durandygyndan peýdalanyp, Kabylyň ýanyna bardy:
– Hatynyň gelmedimi?
– Hatynym seniň bir otagyňa hiç kimsäni eltmän, daňdandan bäri içinde otyr. Başda niýeti iki otagyňy eýelemekdi, ýöne bolmady: seniň akgyzlaryň, wezir-wekilleriň hatynlary eýýäm köp zatlaryňy öz aralarynda paýlaşdylar. Olar zatlaryň towsa göterilmegi üçin soltanyň izinine garaşyp irikgä bolup otyrlar.
Altynjan Kabylyň bu sözüne ör-gökden boldy:
– Öňünden paýlaşylsa, onda bu deňlik bolanog-a?!
– O nämäniň «deňligi»?!
– Talaň saçagy toýunda ähli kişi talaň öýe deň gadam urmaly. Öňünden paýlaşmak resime laýyk gelenok.
– Wa-weýla, gör-ä munuň tapýan sözüni! – Kabylyň keýpi gaçdy. – Wa-waýla, meniň dilimi kesmeli.

* * *

Jandarlar derrew Altynjan hatynyň emrini ýerine ýetirdiler: onuň haremhanasyndaky hatynlary zor bilen daşaryk çykardylar, talaň saçagynyň başyna getirdiler.
Kabylyň hatyny: «Bu näme etdigiň boldy seniň? Şumy indi seniň biziň aladamyzy etdigiň?» diýen terzde Altynjana bakdy. Altynjan ol haýbatly garaýşy görmedikden boldy.
Altynjan hatyn Kabyl dagynyň öýkesini ýazjakdygyna ynanýardy, şonuň üçin onçakly gynanybam duranokdy. Iň esasy zat, talaň saçagy toýuny resime görä geçirmekdi.
Geçen ýyl nowruzdaky talaň saçagy toýunda Altynjan hatyn Reýdäki iň gowy görýän jüpbe-jygalaryny, gymmatbahaly şaý-sepleriniň käbirini Bagdatdaky, Wasytdaky köşgüne ugradyp gizläpdi.
Megerem, Beýik Perwerdigär Altynjanyň bu ogryn eden işini halamady. Şonuň üçinem onuň şol gizlän zatlaryny Abulharys Arslan Besasury Türkmene talatdy. Indi talaň saçagyndan alnyp galynan zatlaryň birem ýok. Ol baýlyklar seljuklylaryň duşmanlaryna siňdi. Altynjan bolsa ol zatlaryň öz iň ýakyn adamlaryna siňmegini, olaryň begenmegini isleýär.
Rowaçlyk üçin halallygy saklamaly!
Nowruz güni täze durmuşa başlamaly. Täze durmuşy päklik, halallyk bilen başlamaly.
Nowruz – täze gün.
Nowruz – täze ýaşaýyş.
Nowruz – Altynjan hatyn üçin hem täze gün, hem täze ýaşaýyş.
Soltan biraz dymyşlykdan soň hatynyna ýüzlendi:
– Altynjan, sen taýýarmy?
Eý, Hudaý, bu ýylky berjek berekediň, ykbalyň nähilikän seniň?!
Her ýyl umytda, özem süýjüden süýji umytlarda goýup, şu güne, şu ýaşa ýetirdiň. Goý, mundan beýlägem amanda hem abraýda sakla, eý, Perwerdigär!
Altynjan öýüne, haremine ýene bir ýola göz aýlap:
– Men taýýar, begim! – diýdi.
– Onda myhmanlarymyza izin bereli – diýip, soltan myhmanlara göz aýlady.
Myhmanlar soltanyň aýtjak sözüne sabyrsyzlyk bilen garaşyp durdylar.
– Eý, meniň eziz byradarlarym! – diýip, soltan sözüne birpaýyz dyngy berdi: – Geçen saparky talaň saçagyndan – nowruzdan bäri alhamdulilla[3], Perwerdigär bize eçilmek eçildi. Perwerdigär maňa berdi. Men – Perwerdigäriň ýerdäki wekili. Ol öz beren zatlaryny iň ýakyn adamlaryma paýlamagymy, sizi hoş

etmegimi, sizi şerefdarlykda, sahawatlykda ýaşatmagymy isleýär. Hany, siz maňa aýdyň, Perwerdigär bir ýylyň içinde beren baýlyklaryny bermänem bilerdimi?

Adamlar jem bolup gygyrdylar:

– Bilerdi!

– Bermedimi?

– Berdi!

– Alla bizi ýalkadymy?

– Alla bizi ýalkady!

– Besasury ýaly näkesleri ýagy edip, taladyp bilerdimi?

– Bilerdi!

– Alla üstümize ýagy sürüp talatdymy?

– Ýok, talatmady! Alla bizi ýalkady!

– Ýer godukladyp, ählije baýlygymyzy ýeriň aşagyna düýnedip bilerdimi?

– Bilerdi!

– Ýer godukladyp, ýeriň aşagyna düýnetdimi?

– Ýok, düýnetmedi! Alla bizi ýalkady!

– Sil-harasat inderip, weýrana salyp bilerdimi?

– Bilerdi!

– Weýrana saldymy?

– Ýok, weýrana salmady! Alla bizi ýalkady!

– Näkeslere ogurladyp bilerdimi?

– Bilerdi!

– Ogurlatdymy?

– Ýok, ogurlatmady! Alla bizi ýalkady!

– Ýangyn döredip, ähli zadymyzy ýakyp-ýandyryp bilerdimi?

– Bilerdi!

– Başymyza ýangyn belasy geldimi?

– Ýok, gelmedi! Alla bizi ýalkady!

– Alla bizi ýalkadymy?

– Alla bizi ýalkady!

– Sebäp – biz şeýtanyň alyna gitmedik. Sebäp – biz diňe Allatagalaga hoş geljek işleri etdik. Soltanlygymyzyň ýylsaýyn baýamagy, siziň bereketde, bolçulykda ýaşamagyňyz – Allanyň Ýerdäki wekiline sygynýanlygyňyzdadyr! Biziň ryskymyz agzybirligimizdedir! Soltana goýýan hormatyňyzdadyr!

– Togrul soltana salawat bolsun!

– Kadyr bizi ýalkady. Bize gülüp bakdy, ol bizi tebigy bela-beterlerdenem, duşman zulmundanam gorap saklady. Duşmanlardan goranmaga ägirt uly güýç-kuwwat berdi.

Adamlar: «Togrul soltan!», «Togrul soltan» diýip gaýtaladylar.

– Bu gün – Nowruz! Bu gün – Täze ýylymyzyň başlanan güni. Täze ýylymyzy Haktagala berekete, sahawata doldursyn!

– Omyn!

– Beýik Muhammet Togrul soltana salamat bolsun!

– Beýik Muhammet Togrul soltana salawat bolsun!

– Beýik Muhammet Togrul soltana sahawat bolsun!

Bäş müň kişi bu sözleri yzly-yzyna gygyryp gaýtalady.

– Meniň eziz byradarlarym! Hatynym Altynjan bilen Haktagalanyň eçilen baýlyklaryny, öýümizi size tabşyrýarys. Goý, soltan maşgalasynyň emläkleri size, siziň maşgalaňyza ýoksun, rowaçlyk, şowlulyk, bolçulyk getirsin! Uzak-uzak ýyllar häzirki ýaly sahawatlykda, salawatlykda, salamatlykda talaň saçagy toýuny geçirmek nesip etsin! Byradarlar, öýümiziň ähli gapylary, sandyklarymyz siziň üçin açykdyr. Ähli zadymyz siziňki bolsun, byradarlar! Biz häzir köşgümizden çykyp gidýäris. Gelýänçäk siz özüňize ýaramly hasaplan zatlaryňyzy alyberiň! Bizden size rugsatdyr!

Togrul soltan Altynjan hatyna elini uzatdy. Altynjan hatyn soltana elini berdi.

Olar öýlerinden çykdylar.

Bu mahal olaryň ýanlarynda haşymlary-da ýokdy, çünki soltan olara-da talaň saçagyna gatnaşmaga izin beripdi.

Togrul soltan bilen Altynjan hatyn karargähe bardylar. Öz ýerlerine geçip ornaşdylar.

– Dürnazar, sen näme üçin talaň saçagyna barmadyň? – diýip, soltan sahybyna ýüzlendi.

– Siziň jan saglygyňyz meniň üçin, meniň adamlarym üçin iň uly baýlyk, aly makam! – diýip, sahyp Dürnazar jogap berdi.

Jogap soltanyň hoşuna geldi. Ol sahyba nämedir bir zat sowgat bermek isledi. Arman, ýanynda hiç zat bolmansoň (indi öýünde-de hiç zat galan däldir!), ahmyrly hyrçyny dişledi.

* * *

**G**ije bir çene bardy.

Howa salkyndy.

Talaň saçagynyň gutarandygyny, myhmanlaryň gidendigini eşidenlerinden soň, Togrul soltan bilen Altynjan hatyn öýlerine ugrady.

Altynjan hatyn soltandan bir-iki ädim yzdan ýöräp barýardy. Soltan oňa durup garaşýardy. Onuň keýpi çag-çagdy. Eden işinden aka hoşnutdy.

Ol hiç wagt baýlyga kowalaşmandy. «Gysgançdan ýabgu bolmaz» diýen pähime düýrmegi bilen ynanýardy. Onuň göwnüni galkyndyrýan zat baýlyk däldi, hökümdarlykdy. Baýlyk hökümdarlygyny saklamagy, giňeltmegi üçin serişdedi. Ol öýüniň boşap galmasyna birjik-de gyýylmaýardy. Çünki öýüni islendik pursady islendik zadyndan dolduryp biljekdigini bilýärdi.

Öýüň derwezesiniň öňünde olary Amydylmülk garşylady:

– Ýataryňyz ýaly düşek-de ýok, hiç zat-da!

– Bir alajyny taparys.

– Men öýümden ýorgan-düşek getiräýeýin, hökümdarym?!

– Ýarygije biynjalyk bolma. Derrew daň atar. Onsoň Kadyr bir çykalga tapyp berer. Ýogsa-da, gyzjagazyňa sowgat almaga ýetişdiňmi?

– Aý, zeleli ýok... – diýip, baş wezir müýnli ýylgyrdy.

Soltan Altynjana seretdi. Hatyn düşündi, gulagyndaky gulakhalkasyny, boýnundaky pöwrize hem ýakut monjugyny alyp, adamsyna uzatdy:

– Alyň!

Soltan hatynyna nebsagyryjylykly seretdi. Onuň bu aýgydyna welin, çyn ýürekden buýsandy. Ol hatynynyň gulakhalkasy bilen ýakut monjugyny (Bu monjugy birmahal Altynjana Mäne baba sowgat beripdi.) Nasyr Kundura berdi:

– Amydylmülk! Ine, bu gulakhalkany hatynyňa, bu monjuklary bolsa gyzyňa ber. Özem aýt: «Togrul soltanyň hatyny Altynjan hatyn özüniň iň gowy görýän, dakynyp ýören zatlaryny maňa berdi. «Hatynyňy hem gyzyňy begendir!» diýdi» diý.

– Ömrüm size sadaga bolsun, hökümdarym!

Olar hareme girdiler.

Içeri öňki içeri däldi.

Adamlar ýanyp duran şemlere çenli alyp gidipdirler.

– Nädip ýatarkak?! – diýip, Altynjan pyşyrdady.

– Birinji gezek däl ahyryn – diýip, soltan egnindäki abasyny ýere ýazyp: – Muhammet aleýhyssalamyň bir abasynyň aşagyna bäş bolup ýerleşenlerinde[4] biz iki bolup ýerleşmerismi? – diýdi.

– Siz ýatyň, men oturybereýin.

– Ýok, ýok, ikimizem gözümiziň awusyny alaly.

Är-aýal bir abanyň üstüne ýerleşdi. Uzynly günüň ýadawlygyndan soň, olar süýji uka batdylar.

Maksadyňa ýetip alan ukyň süýji bolýar.

### Ýigrimi üçünji hekaýat

## ZENAN ÖMRI – GARAŞMAK

Togrul soltan Abu-l-Aswar Şawur Birinjiniň[1] sowgat iberen senjap[2] possunyny Altynjana geýdirdi.

– Sparetranyň[3] gahrymançylygy hakda uly gürrüň edýärler, ýöne onuňky seniň gahrymançylyklaryň ýanynda hiç zatdyr. Seniň Hyratda, Nyşapurda, Amulda, Darganda, Dehistanda, Etekde bolan söweşleriň hersinde görkezen gaýduwsyzlygyň Rüstem Zal deýin men-men diýen ärleriň bütin ömürlerine görkezen gahrymançylyklaryna gaýry dur diýýär. Meni seniň janyň sag däldigini, derdiň agyrdygyny aňýaryn, ýöne sen özüňe zor salyp, mydama aýak üstünde. Sen maňa özüňi kesel halda görkezmek islemeýärsiň. Munyň nädogry, Altynjan. Kesellemegi, garramagy Alla tapypdyr. Men geçen günlerime ser salýaryn welin, indi, görüp otursam, sen ýeke gezegem keselläp düşekde ýatmansyň. Meni Ybraýymyň elinden halas edeniňden soňam sen özüňi oňly bejertmediň. Bejermek, ýaraňa seretmek üçin gelen tebipleri, lukmanlary kowup goýberdiň: «Mende hiç hili dert ýok» diýip. Men kän oýlandym hem seniň Zenjanda – Kabylyň yktasynda birki aýlyk dynç almagyňy makul hasapladym. Sen arkaýyn ýatyp dynç al. Men Yspyhana gidip geljek. Iki aýdan dolanaryn – diýip, Togrul beg hatynynyň gülgün ýüzünden sypady.

Soňam, Kabyla görkezme berdi:

– Men gelýänçäm Altynjany saňa ynanýaryn. Goý, ol seniň Zenjandaky yktaňda bolsun.

Kabyl baş atdy.

Soltan aladaly gürledi:

– Yspyhandan gelýänçäm sen Zenjanda Kabylyň myhmany bol. Men göni şo ýere bararyn.

Gyş güni bolansoň, Altynjan soltanyň uzak ýola öz tebibi bilen gitmegini isledi, ýöne soltan tebibe, rast, Altynjanyň ýanynda gözegçilikde bolmaly diýdimi, gürrüň gutardy, üýtgetjek zadyň bolmaz, tebip diýlen zady eder. Naýyp-hatyn sözüniň ýer almajakdygyna gynanmak gynandy, herhal, boýun sundy, adamsyny esli aralyga çenli ugratdy.

Altynjan hoşlaşyk pursady Togrul begiň özüne nähilidir bir möhüm habar aýtmakçy bolýandygyny aňyp, oňa soragly bakdy:

– Altynjan, sen dünýä deýin giň. Sen meni mydama öz giňligiň, merdi-merdanalygyň bilen haýrana goýýarsyň. Sen meniň üçin Anuşirwany zynjyrlap, zyndana taşlamaga erk tapan merdana, dogrusy, häzir «hatyn» sözüni ulanmak islämok. Çünki sen hatyndan has ýokardaky adam. Has dogrusy, sen beýik adam! Anuşirwan – seniň ogluň. Ol meniň hem oglum. Onuň edep-ekramyna, edim-gylymyna, söweşlerdäki batyrlygyna, harby hem serkerdelik tilsimlere ökdeligine synym oturýar. Ol özüniň wezirlik işini aňryýany bilen oňarýar.

Togrul soltanyň bu sözlerini diňlände Anuşirwanyň boluşlary, ýüzüne durşy Altynjanyň göz öňünde janlandy. Şol galagoply pursatlary ýatlamak oňa juda agyrdy: her gezek gözüne ýaş aýlanýardy, agyr gama batýardy. Ýene şeýle boldy: kemligi tutdy, sojap-sojap aglady.

Altynjanyň agladygyça aglasy gelýärdi.

Ony köşeşdirip bolmajakdygyna belet soltan hoşlaşyp, ýola düşdi.

* * *

Altynjan soltanyň yzyndan garap durşuna Anuşirwanyň elewreýşini ýatlap uzak durdy. «Wa-weýleta, men Anuşirwanyň günäsini geç-jek, ýöne muny men başaryp bilemok, onuň günäsini geçip bilemok. «Ine, meniň betbagtlygym...» diýip, ol pyşyrdady, möňňürip aglady.

– Altynjan, gideli. – Kabyl atyny çapdyryp geldi, uýasynyň aglaýandygyny görüp, geňirgendi: – Eý, seniň bolşuň nähili? Her gezek soltany ýörişe ugradyp, soňundan aglamaň näme seniň?

Altynjan Kabyla jogap berjek bolmady. Sebäbi – ol näme jogap berjegini bilmedi. Onuň özem her gezek soltany uzak ýola ugradanda gözýaşyny saklap bilmeýändiginiň hikmetine doly düşünmeýärdi. Ýogsam ol her gezek soltany ýörişe ugratmakçy bolanda özüne erk etmegi, gözýaş dökmezligi berkden-berk tabşyrýardy. Ol özüne söz berýärdi, ýöne sözünde durup bilenokdy, niçik, soltan adaty ýylgyryşy bilen hoşlaşanda damagy «hykk» edip dolýardy, onsoň ol daşlaşdygyça içki harasaty köwsar alyp başlaýardy. Näçe çytraşsa-da, gözýaşyna, teý, erk edip bilmeýärdi. Ýogsam ol soltanyň sag-salamatlykda, ýeňiş bilen

dolanjagyny bilýärdem. Barybir, Altynjan hatyn soltany ýörişe ugratmaga öwrenişip bilmeýärdi. Rast, şu güne çenli öwrenişip bilmedimi, indi galan ömrüne-de öwrenişip bilmese gerek.

Adam bagta-da, betbagtçylyga-da öwrenişýär eken.

Adam kynçylyklara-da werziş bolýar eken. Altynjan hatyn geçen ömründe kän-kän zatlara öwrenişdi. Agyr günlere-de, sagadatly günlere-de öwrenişdi. Soltany alys ýörişe, söweşe ugratmaga welin, öwrenişip bilmedi. Diňe bu däl, Altynjan hatyn garaşmaga-da öwrenişip bilmedi. Ýogsam onuň ömrüniň galaba bölegi garaşmak bilen geçdi. Şeýle bolansoň, Altynjan garaşmaga ram edäýjek ýaly welin, ýok, beýle bolmady, garaşmak onuň kalbynda mydama terligini saklady.

Garaşmak Altynjan hatyny her gün elendirdi. Onuň göwnüne, birden gapy açylyp, içerik soltan giräýjek ýaly bolup dur. Özem bu duýgy onuň aňyndan gije-gündiz aýrylmady. Ol gijelerine tisginip telim ýola oýandy. Özem özüni soltan yralap oýarjak bolýan, oýaryp bilmän örtenýän ýaly duýýardy. Onsoň ol alabasgy bolup oýanýardy. Soltanyň ýokdugyny görübem başyny täzeden ýere goýýardy.

Altynjan hatyn ýekekä köplenç ýassykda ýatmaýardy. Asyl, ol düşekde-de ýatmaýardy. Ol gyz-gelinleriň telwas edýän düşeginiň gapdalynda – yzgarly ýerde ýatýardy. Her gije ýer diňläp ýatýardy. Ol muny soltanyň gelenini bilmän ät galmazlyk üçin şeýle edýärdi. Ýok, diňe bir soltanyň gelýändigini bilmek üçinem däldi. Soltan ýörişe gidensoň, döwlethana onuň garamatynda galýar ahyryn! Şeýle bolansoň, köşge bakan kimiň gelýändigini öňünden bilmek onuň üçin juda zerurdy!

Her bir döwletiň öz duşmany bolýar. Muhammet Togrul soltanyň döwletini öz döwletine öwürmek isleýän soltanlar, hanlar, begler hem az däldi. Onsoň Muhammet Togrul soltanyň haýsydyr bir ýere söweşe gidendiginden peýdalanyp, köşge çozuş etmek isleýän Arslan Besasury pisintler, az hem bolsa, bar. Şeýle pälli ýagylaryň gelýändigini köşkde özünden başga öňünden anyklap biljek ikinji bir adam ýok. Hut şu zatlar üçin hem Altynjan, islese-islemese, yzgarly topraga başyny goýmaly, soltanlygyň rahatlygynyň aladasyny etmeli bolýar. Ýogsam onuň hem asylzada kişiler kimin ýumşajyk düşekde dünýäni unudyp, agnap ýatasy gelýär. Kişmiş iýseň çöpi bar: soltanyň hatyny bolsaň, käbir zada, özem gerekmejek zada döz gelmeli bolýarsyň. Altynjanyň bu edähedini akgyzlar, ferraşlar, jamedarlar tekepbirlik diýip düşünýärler. Umury istihbaratyň sahyby sähel zat ýüze çyksa, köşge kimdir biri ýakynlaşsa öňünden habar berjekdigini hetjikläp-hetjikläp nygtaýar. Sebäp, bu onuň işi. Şu zatlar üçin çar ýanda onuň adamlary ýörite sak durlar. Ýöne Altynjan sahyba ynansa-da, jandurmazlyk edýär. Onsoňam bu möhüm zady Altynjan, hernäçe islese-de, özgä ynanyp bilenokdy. Ýogsam ol käteler özüne gaýa-gopuz ýok ýerden dowla düşmezligi, parahat ýaşamagy, Allatagalanyň eçilen eşretlerinden peýdalanmagy, ýumşajyk düşekde gözüniň özi açylýança hezil edip ýatmagy sargyt edýärdi. Bu pikire gulluk etmegi unaýardam, ýöne biraz wagtdan soň ýumşajyk düşeginden sypyrylyp düşüp, yzgarly ýere başyny goýanyny özem duýman galýardy.

Altynjan hatyn garaşýardy.

Ol ençeme atyň dükürdisiniň içinden Muhammet Togrul soltanyň atynyň dükürdisini parhlandyrmagy başarýardy. Özem ol at aýagynyň dükürdisinden soltanyň içki ahwalatyny – gaharlydygyny ýa-da göwnühoşdugyny anyklaýardy.

Soltan her gezek ýörişden gelende Altynjana bir hoşamaý sözüni hökman aýdardy. Özem ol aýtjak sözüniň Altynjana nähili täsir etjegini bilýän bolmaly. Bilibem aýdýan bolmaly.

Zenanlaryň ganaty – hoş söz.

Zenanlaryň gyşyny ýaz edýän mähribanlary bar.

Altynjan hatyn gyşyň ýatagan deýin sarsar ýiti sowugynda-da buz ýaly ýere bagryny berip, hoşamaý söz aýdyp ganat bekletjek mähriban soltanynyň gelerine garaşýar.

Ýaş könelişiberse, tejerrut bolmak agyr düşjek eken: adam özüne nedim küýsär eken.

Är hatyna, hatyn äre gerek, ýaş bir çene baransoň has zerur gerek eken.

Ýekelik – güzap.

Ezraýyl kä çala garasyny görkezip, kä depeden aňyrdan jyklap, sesi bilen özüniň bardygyny duýduryp ugrandan soň-a ýekelik hasam güzap eken.

«Öljek däl!» diýip gykylyklap oturan kişi ýokdur. Çünki Ezraýyl her kişiniň dilini tapyp, razy edip, onuň amanadyny sessizje alýar. Ol amanady almaga ýagy ýaly bolup gelse-de, mylaýymlyk bilen, ýagdan gyl sogran ýaly edip, gygyrtman-bagyrtman alýar.

* * *

**Altynjan soňky döwür darkaşlara köp gatnaşýardy, özem gözsüzbatyrlyk bilen özüni ýagynyň jümmüşine urýardy. Her gezekki darkaşdan soň serkerdeler Altynjan hatynyň nähili gazaplylyk bilen söweşendigini wasp edýärdiler.**

Elbetde, soltan üçin hatynynyň söweşde görkezen gahrymançylyklary hakda eşitmek ýakymlydy. Onuň görkezen harby tilsimleri, öldüren kapyrlarynyň sany hakda eşitmek hem ýakymlydy. Soltan serkerdeleriň taryply sözlerini diňläp otyrka birden oňa wehim aralaşýardy: «Birden tötänlikde Altynjany öldüräýmesinler?» Söweşde, nämeler bolmaýar?

Altynjanyň söweşe girmegi hökmanmy?

Seljuk soltanlygy, seljuk goşuny Altynjanyň güýjüne, hemaýatyna mätäçmi?

Ýok, mätäç däl!

Togrul soltan içki pikirini açyk aýtmakdan saklandy, ýöne bu barada wezirleriniň, serkerdeleriniň käbirine Altynjan söweşe gitmekçi bolanda her hili bahanalar bilen onuň gitmeginiň öňüni almagy tabşyrdy.

Hak aýdylypdyr: «Temeni haltada gizläp bolanok!» Her gezek ýörişe ugrajak bolanda wezirlerdir serkerdeleriň elewremelerinden özünden haýsydyr bir syryň saklanylýandygyny Altynjan aňdy, ol syryň nämediginiň anygyna-da ýetdi. Soltanyň tabşyrygy hakda eşiden Altynjanyň tas ýüregi ýarylypdy. Ol soltandan öýkelemek öýkeledi.

Soltan bilen hakyt ýigrimi üç günläp gürleşmedi. Togrul beg onuň öýkesini ýazjak bolup herhili hoşamaý sözleri aýtdy, herhili gymmatbaha sowgatlary berdi. Barybir, öýkesi aýrylmady.

Soltan ahyry:

– Bolýar, men sözümi gaýdyp aldym. Islän darkaşyňa gatnaş, ýöne ýüregiň hernäçe ürügsese-de, gözsüzbatyrlyk etme. Özüňi gora, sen maňa gereklisiň. Hergiz şuny unutma! Maňa seniň darkaşda ýeňiş gazananyňdan haremhanada gül-gül açylyp, bähre birle oturanyň has zerur – diýdi.

Darkaşlara gatnaşyp ugranyndan soň Altynjanyň ýüzi açyldy.

Soltan Mübärek hana:

– Altynjan darkaşa girende ony on-ýigrimi haşar bilen iki tarapyndan bahabar boluň, goraň – diýdi.

Togrul soltanyň göwnüne bolmasa, Altynjan hatyn özüni görnetin ajalyň üstüne oklaýan ýalydy. Soltanda bu pikiriň döremegi ýöne ýerden däldi. Altynjan hatynda nähilidir bir howlukmaçlyk bardy. Onuň käbir sözleri soltan bilen hoşlaşyk sözüne meňzeýärdi. Togrul soltan: «Altynjan näme üçin özüni ajalyň üstüne oklaýarka?» diýip oýlanýardy, hernäçe oýlansa-da, hatynyndaky bu bedellige teý anyk jogap tapyp bilenokdy. Hut şonuň üçinem ol özüni iba kylýardy...

## Ýigrimi dördünji hekaýat

## ÝAŞLYGYŇ ÝARANY – ARZUW, GARRYLYGYŇKY – ÝATLAMA

Garyň ýagmasyna Muhammet Togrul soltanyň mydama-da göhi gelýärdi. Onuň ynanjyna görä, gar – Allatagalanyň aklygydy. Aklykda derdiň galmaly däl. Muhammet Togrul soltanyň göwnüne bolmasa, gar Altynjanyň ähli derdini dep etmek üçin ýagýan ýalydy. Soltan hatynyny daşaryk alyp çykmagy ýüregine düwdi.

Ol Altynjany galyň geýindirdi-de, gujagyna alyp daşaryk çykardy.

Esli günläp daşary çykman ýatan Altynjanyň garyň aklygyna gözi gamaşdy.

Soltan Altynjany emgenmän göterip barýardy. Asyl, garrylyk duýlanokdy onda. Altynjan horlanan-da bolsa, agramy dört batmandan agyr däl onuň.

Muhammet Togrul soltan Altynjanyň egnindäki possuny az görýän ýaly, öz egnindäki jüpbesini-de onuň egnine atdy.

Haşym galyň possuny garyň üstüne düşedi. Soltan Altynjany şol possunyň üstünde oturtdy. Özem onuň gapdalynda oturdy. Soltanyň keýpi kökdi. Ol garyň üstünde uzyn süýnüp ýatdy. Kellesini Altynjanyň uzyn salyp oturan aýaklarynyň üstünde goýdy:

– Altynjan, ýadyňa düşýärmi, Horezminden Horasana gaýdanymyzda çölde garyň üstünde şeýdip oturypdyk.

– Begim, men garyň üstünde şeýdip oturan pursadymyzy tas her gün diýen ýaly ýatlandyryn.

– Ol sende-de gowy täsir galdyrypdyr-da onda?! Menem ol pursady köplenç ýatlaýaryn. Ondan bäri bir ömür geçäýipdir.

– Şonda begim maňa bütin ömrüme many-ganat beren bir hoş söz aýdypdy. Men, ana, şol hoş sözi ömrüme ganat edinip ýaşadym.

– Şol gezek näme diýenim seniň ýadyňda bolsa-da, meniň ýadymda ýok, ýöne şonda aýdan sözüm, rast, ömrüňe ganat beren bolsa, onda ol söz gowy sözdür. Altynjan, men näme üçindigini takyk bilmeýärin, ýöne, näme üçindir, soňky wagtlarda geçen günlerim, ömrüm hakda köp oýlanýaryn. Men seni aýamda götermändigime bu gün biçak ökünýärin. Jahangirlik bilen aşa başagaý bolup, men seni az ezizläpdirin, Altynjan. Wah, şu ömrümi täzeden başlamaly bolsa, onda men ömrümi saňa bagyş ederdim. Men öňki aýdan sözlerimi bu gün gaýtalamak bilen, pikirimi, maksadymy üýtgetmändigimi nygtamakçy bolýaryn. Alla: «Aýallaryňyz – zyýaratgähiňizdir»[2] diýýär. Beýik Perwerdigär bu sözi hut meniň üçin aýdypdyr. Hakykatdan hem sen meniň zyýaratgähimsiň, Altynjan. Saňa näçe zyýarat etsem hem azdyr.

– Eý, begim, soltanyň hatynyny gowy görýändigini aýtmagy hökman däl. Aýtmasaňyz hem men nähili garaýandygyňyzy duýýaryn. Siziň maňa oňyn garaýşyňyz külli kynyk begleriniň hatynlarynyň hem hormat-gadyrlarynyň ýokary bolmagyna ýardam berdi. Çünki ähli kişi soltandan nemuna alýar. Soltan hatynyna nähili garaýyşda bolsa, onuň egindeşlerem öz hatynlaryna şonuň ýaly garaýyşda bolýarlar. Her bir halkyň batyny[3] – şol halkyň hatynlaryna bolan garaýyşlarynda jemlener eken. Zenanlar – halkyň iman mizany eken, batyn mizany eken... Türkmenler beýleki musulman halklardan aýal-gyzlaryna garaýyşlary boýunça görnetin parhly: ýüzlerine hyjap örtmeýärler. Meniň hem hyjapsyz gezmegim, siziň bilen agaýana sözleşmegim din kada-kanunyna sygmaýar.

Soltan gapdalyndan bir penje gar aldy-da, ýüzüne sürtdi, soňam hatynynyň sag elini döşüniň üstünde goýdy:

– Senden gizlemäýin, men saňa bir zat bolar öýdüp gorkýaryn. Ynansaň, men bu ýat pelekde sensiz galmakdan gorkýaryn.

– Ezizlenýän hatynlar ölmez, begim. Siz meni ezizleýärsiňiz. Onsoň men ölmerin. Arkaýyn boluň, ýok, ýok, ölmerin!

– Meniň bu pelekdäki ýüregime iň ýakyn pettanym[4] sensiň. Birmahallar pelek özümiňkidi. Ähli wezir-wekiller, ähli baýlar, bezirgenler, esgerler özümiňkidi. Dosty-ýarlarym, ata-enem özümiňkidi, ýöne wagt bu garaýşymy çepbesine çöwürdi. Özümiňki hasap eden atam-enem özümki däl eken. Olar meni mährlerindenem doly gandyrman gitdiler.

Özümiňki hasap eden babam hem özümiňki däl eken.

Özümiňki hasaplan ýaýlam özümki däl eken.

Özümiňki hasaplan doganym Ybraýym özümiňki däl eken, ol meniň kastyma çykdy. Men bolsa ony özümiňki hasaplap gezdim.

Özümiňki hasaplan Çagrym hem özümiňki däl eken. Onuň öz pelegi, öz aladasy, öz ogullary bar. Men onuň ýanynda bolanymda onuň özümiňki däldigini syzýaryn, özümi artykmaç duýýaryn.

Indem özümiňki hasaplap ýaşan pelegimden özümiň göç eýlemelidigimi, bu pelegiň özümiňki däldigini, özümiň bu pelekde gaty bir kiçijik mahlukdygymy, ähli zatlarymyň özgelere galjakdygyny syzýaryn. Onsoň bu pelek juda bimährew görünýär, juda rehimsiz duýulýar. Şu zatlar hakda oýlananymda bütin ömrüme meniň rowaç-lygym üçin yhlas eden ýeke-täk bir adam hakydamda ör-boýuna sarsman dur. Meni eziz saýyp, meniň ähli sütemime, geleňsizligime göz ýumup, ýamanymy ilden ýaşyryp, ýagşymy ile ýaýan, maňa gije-gündiz Allatagaladan rowaçlyk, saglyk, hökümdarlyk dileg eden, gije-gündiz maňa yhlasly hyzmat eden, maňa ömrüni bagyş eden bir ýakynym bar, ol – sen, Altynjan. Meniň üçin bu sowuk pelekdäki ýeke-täk yssy mähir hem dilsitan – sen. Sen meni mydama şat etmegiň ugrunda bolduň. Özüme ýakyn saýýan kişilerimiň tas ählisi diýen ýaly meniň häkimligime ýa göz gyzdyrdy ýa bahyllyk etdi. Maňa hemmetaraplaýyn rowaçlyk istän kişi – sen!

Altynjan adamsynyň gar sürtülen ýüzüni emaý bilen sypalady, gar bölejiklerini aýyrdy:

– Garyň üstünde ýatyrsyňyz welin, üşärsiňiz, begim.

– Seniň ýanyňdakam sarsar hem maňa nesim[5]. Onsoňam, ýadyňdamy, meni öz mähriňe çoýmak, meni üşetmezlik saňa şert ahyryn.

Altynjan Togrul begiň nämäni ýatlaýandygyna düşündi. Bu hakdaky gürrüň Garagum çölünde bolupdy. Şol gün hem çar ýan gardy. Şol gün edil häzirkileri ýaly bolup garyň üstünde ýatypdylar.

– Ýadyňyzda eken-ä!

– Elbetde, ýadymda. Şonda burnumdan gan akandygy-da ýadyňdamy?

– Ýadymda. – Altynjan adamsynyň sag elini eline aldy: – Ilkinji nika gijesi maňa bäş sany talabyňyzy aýdypdyňyz. Ýöne şol bäş talabyň dördünjisini aýtmandyňyz. Men dördünji talabyň nämedigini, dogrymy aýdýaryn, häzir hem anyk bilmeýärin.

– Nämedir öýdýärsiň?

– Anyk bir pikirim ýok.

– Dördüsi ýadyňdamy?

– Ýadymda, isleseňiz aýdyp bereýin.

– Aýt.

– «Birinji, hiç wagt edenime däl diýme! Ikinji, hiç wagt akyl beriji bolma! Üçünji, hiç wagt bir aýdanymy ikinji gezek gaýtalatma! Dördünji, … Bäşinji, hiç wagt hiç zat sorama! Şu bäş talabymy bozsaň, günäňi geçmerin. Şol dem öldürerin».

Togrul beg çala ýylgyrdy:

– Dördünji talaby saňa aýtmagymyň zerurlygy hem ýokdy.

– Ol näme hakyndady?

– Dördünji talap zenanyň äre wepadarlygy hakyndady. Bu hakda nika gijesi aýdasym gelmändi. Şony aýtman dogry edipdirin. Sen meniň üçin ýönekeý hatyn dälsiň. Sen meniň üçin ähli zatsyň. Biler bolsaň, Altynjan, men seni ilkinji gezek görenimde aňymda şeýlebir üýtgeşiklik gopdy. Men seni görüp, synlap, şol wagta çenli tapyp bilmän ýören sowalyma jogap tapdym.

– Ýadymda, siz şonda: «Eý, Altyn gyz, sen meniň şu güne çenli: «Bu pelekde nämäniň hatyrasy üçin ýaşamaly; nämäniň hatyrasy üçin söweşmeli; nämäniň hatyrasy üçin ölmeli» diýen sowallaryma tapyp bilmän ýören jogabymy tapyp berdiň» diýipdiňiz, ýöne ol jogabyň nämedigini aýtmandyňyz. Ýalňyşmaýan bolsam, şol jogaby häzir aýtdyňyz.

– Sen meniň her bir sözümi ýadyňda saklapsyň-a?!

– Ähli zady ýatda saklap bolmaz, ýöne ömrüň manysyny düzýän pursatlar welin, adamyň ýadyndan çykmaýar.

Togrul soltan garysyna galyp, Altynjana ýüzlendi:

– Dogryňy aýt, menden göwnüň galan ýeri juda köp boldumy?

– Meniň sizden hiç wagt göwnüm galmady, begim.

– Ine, bu sözüňe ynanyp biljek däl.

– Meniň sizden göwnümiň galmandygynyň sebäbi bar...

– Haýsy sebäp ol?

– Men başda soltana düşünip bilmän, dogrudanam, juda kösendim. Soň sizde iki perişdäniň bardygyna göz ýetirip, olaryň her biri bilen aýratyn gürleşmelidigimi anykladym. Şondan soň, düşünişmek hem ylalaşyklylykda ýaşamak maňa aňsat düşdi.

– Kinaýatsyz aýt!

– Meniň begimde iki perişde ýaşaýar. Men ol perişdeleriň birini Hökümdar diýip, ikinjisini bolsa Howandar diýip atlandyrdym.

– Açyl şeýdip.

– Birinji perişde hakyky Hökümdar, Togrul soltan köplenç Hökümdaryň emri bilen ýaşaýar. Oňa aňsat-aňsat garşy gitmeýär, soltan Hökümdarka Altynjany unudýar. Hawa, hawa, Altynjan ünsden düşýär. Baş orunda jahangirlik durýar. Soltan Hökümdary gowy görýär. Çünki Hökümdar soltany ýedi yklyma soltan eýledi.

– Howandar näme iş bitirdi?

– Häzirki meniň ýanymda duran Howandar raýatlaryny, hatynyny ýagşy hulky bilen özüne kökerdi. Adamlara giňlik, dilnowazlyk berdi.

Örän seýrek gülýän, seýrek ýylgyrýan Togrul soltan hezil edip güldi.

* * *

**Togr**ul soltan köp wagtyny Altynjanyň ýanynda hemaýyn razdarlykda geçirýärdi.

– Galan ömrümde seniň bilen hebent boljak. Bir günem senden aýry boljak däl. Hudaýa hudawende, hökümdarlygymyz äleme ýaýrady. Baý, kuwwatly soltanlygym bar. Halyf ýedi don geýdirdi[6], Soltan adyny berdi. Indi bu zatlaryň lezzetini bilip ýaşajak. Soltanlygy Süleýmana berjek.

– Begim, ýadyňyzdamy, biz Nyşapurda hem Reýde «gara gün» üçin diýip köp mukdarda altyn-kümüş gömüp gizledik. Anuşirwanyň babasy Tümen daýym hem maňa gizläp saklamak üçin kyrk halta tylla beripdi. Men ol tyllalary-da ellemedim.

– Nirede olar?!

– Zamahşarda. Adamlaryň güman-çak etmejek ýerinde gömüp goýduk. Ol baýlyklary biz haçan peýdalanarys, begim?

– Biziň ol gömülgi tyllalara galan günümiz ýog-a.

– Hudaýa şükür! Olary birine bermelimi?

– Näme, birine ýamanlyk etmek isleýärsiňmi?

– Ýok, ýagşylyk etmek, begendirmek isleýärin.

– Adamlary halta-halta tylla berip bagtly edip bilmersiň, betbagt welin, edip bilersiň. Sebäbi artyk baýlyk – adama artyk dert, artyk betbagtlyk getirýär. Artyk baýlyk adamyň parahat ýaşaýşyny bozýar. Onda köp-köp hyýallary döredýär. Ol hyýallaryň soňam hökman betbagtlyk bilen gutarýar.

– Nyşapurdaky gömülgi tyllalardan Mäne galasynda Abul Haýyra aramgäh bilen metjit gurlup berilmegini isleýärin. Zamahşardaky tyllalara bolsa galanyň daşynyň diwarlaryny täzelemäge harçlasak gowy boljak.

– Eger şu sözi menden ejaza soramak üçin aýdan bolsaň, Altyn gyz, men garşy däl, unaýaryn. Onsoňam sen ol altynlary şu güne çenli kimdir birine bermek hakda pikir etmediň. Indem birden gömülgi ýatan altynlaryňy kimem bolsa birine bermäge howlugýarsyň? Biz öljek bolup durusmy? Entekler ýaşarys. Ol altynlaryňam öz gerek ýeri tapylar – diýip, soltan Altynjana soragly bakdy.

Altynjan bu sowala ýagşydan-ýamandan hiç hili jogap bermedi.

* * *

Adam nämeden gorksa, şol hem başyna geler eken...

Altynjan soltanyň näme üçin öz ýanyna gelýändigini aňýardy. Onuň pikiriçe, soltan ömrüniň soňuny gören bolmaly. Adam ýaşlykdan geljegini ynam sütünine öwrüp ýaşaýar. Gelejekde özüne ymsyndyryjy jady bar. Adama öňe okdurylmak mahsus. Ýaşyň könelensoň welin, sen geljekde diňe öz ölümiňi görýärsiň. Onsoň seniň geljek hakda oýlanasyň gelmeýär. Ýaşamak üçin welin, adama haýsydyr bir ynanç sütüni gerek. Şol ynanç sütünini ýaşy könelen adam indi geljekden däl-de, geçen günlerinden agtarmaly bolýar. Ýaşlykda gelejek ýakymlylyk, ömrüň manysy, mertebe bolup görnen bolsa, ýaşy könelen adama geçen ýaşlygy ýakymlylyk, ömrüň manysy lezzet bolup görünýär.

Geljekde Ezraýyl dur. Özem örän ýakynda dur. Soltany ölüm, Ezraýyl hakdaky duýgulardan halas edip biljek güýç gerek. Ony bu babatda halas edip biljek diňe bir adam bar. Ol hem Altynjan hatyn. Başga hiç bir adamyň ýanynda Togrul soltan ýüregini açyp bilmeýär. Ol diňe Altynjanyň ýanynda açylýar. Onuň bilen geçen günleri ýatlaşara, ölümi unudara mertebeli pursatlar az bolmady. Jahangirlik bilen ber-başagaý bolup, şol geçen günler hakda-da oýlanmandyr, ýadyndan çykaryp goýberipdir. Ýöne geçen günler Altynjanyň ýadynda durandyr. Soltanyň hatynynyň ýanyna köp gatnamasy ýöne ýerden däldi. Ol ölüm hakdaky oýlanmalardan halas bolmak isläpdi. Altynjan her gezek onuň ýüregine dürs düşünipdi, oňa hoş ýakjak ýatlamalara çümüpdi, gürrüň beripdi. Soltan Altynjanyň ol söhbetlerinden taýsyz lezzet alypdy, gaýratlanypdy. Altynjan hatyn mydama soltanyň gowy taraplaryny gürrüň berýärdi. Olaryň arasynda diňe geçen günler hakda gürrüň bolýardy. Olar köplenç Nur-Buharadadylar, Ürgençdediler.

Togrul beg soltan Mahmydy ýatlamagy, ol hakda bilýän zatlaryny gürrüň bermegi gowy görýärdi.

Ol birmahal soltan Mahmyda aýratyn sarpa goýup, onuň ýanyna, gör, näçe gezek ogryn adam gönderipdi. Onuň köşkde özüni alyp barşyny öwrenipdi, oňa meňzemäge çalyşdy. Ýöne ol soltan Mahmyt hakda köpsanly masgaralaýjy rowaýatlaryň döredilmegine, ile ýaýradylmagyna rugsat beripdi. Ol maksadyna ýetipdi. Meňzemek islän adamyna meňzäpdi. Ondan artygragam bolupdy. Ýöne Mahmyt soltan ölende welin, Togrul beg gama batypdy. Ony hatyralap sadaka beripdiler, Gurhan çykypdylar. Soltan Mahmytdan soň guwanara, mertebeläre kim bar?! Soltanyň ogly Masutmy? Ýok, Togrul begiň oňa pisindi oturanokdy. Togrul beg soltan Mahmydyň ölüminden soň özüni jahangirlikde mynasyp bassaşsyz duýupdy.

* * *

**Togru**l beg-de, Altynjan hatyn-da agşamlaryna baş wezir Amydylmülki diňlemegi gowy görýärdiler. Ýüzi nurana, mähirli bu kişi durşy bilen akyldy. Ol köp dessanlary, şygyrlary owazly okap berýärdi. Özüniň hem pelsepesi bardy. Bu pelsepe bilen soňky ýyllar Altynjan hatyn ylalaşmaýardy.

Kundury öz pelsepesini delillendirýärdi:

– Men düýnki günüň aladasy bilen gümra bolmagy manysyzlyk, boş güýmenje hasaplaýaryn. Çünki düýnki gün ýok. Ol geçip gitdi. Onuň bilen meşgullanmakdan hiç kime peýda gelmeýär. Ertirki gün barada aladalanmagy hem men manysyzlyk hasaplaýaryn. Çünki ertirki gün entek ýok. Onyň nähili geljegi belli däl. Ertirki günde seniň boljagyň-bolmajagyň, meniň boljagym-bolmajagym hem belli däl. Onuň nähili boljakdygy diňe Perwerdigäre bagly. Ertirki gün biziňki däl, ol Perwerdigäriňki. Gelejek hakda aladalanyp wagt ýitirmegiň hajaty ýok. Geçen – görünmez. Şonuň üçin geljegi gelmiş hasaplamaly. Allatagalanyň bize eçilen peşgeşi – şu gün – heminzaman. Biz şu günümiz – Allatagalanyň eçilen peşgeşi bilen ýaşamaly[7].

– Men seniň bu pikiriňi unamok, Amydylmülk. Sen entek ýaş, ýaşyňa görä-de pikirlenýärsiň. Meniň ýaşyma baranyňda bu edýän pikirleriň nädogrudygyna düşünersiň – diýip, Togrul soltan parahat gürledi. Ol adam ömrüniň üçe: geçen günlere, heminzamana, geljege bölünýändigi; geljegiň – ýaşlykdygy; heminzamanyň – orta ýaşdygy; geçen günleriň – garrylykdygy hakda janygyp sözledi.

Bu sözleri eşiden Altynjan gulaklaryna ynanmady. Nädip ynansyn, soltan mydama geljek bilen ýaşaýardy ahyryn!

Wagt, döwür – hökmürowan, ol adamy özüne görä oýlandyrýan eken!

* * *

**Solt**an keýpi çaglykda ýaşlyk ýatlamalaryna berlipdi. Ol atasy Seljuk begiň yşky başdan geçirmelerini gürrüň berýärdi:

– Seljuk beg Beýgu patyşanyň subaşysy (goşunbaşysy) eken. Patyşanyň hatyny Karkara hatyn Seljuk subaşynyň öýlenen hatynyny halamaýan eken. Ol subaşydan hatynyny kowmagyny, öz uýasyna öýlenmegini talap edipdir. Seljuk beg onuň bu islegini bitirmändi, rum gözeline öýlendi, muny Beýgu patyşanyň hatyny Karkara biçak ýokuş gördi, patyşany äsgermezlik hasaplady, şonuň üçin Seljuk subaşydan ar almagyň ugruna çykdy.

Üç sany pidaýyny subaşyny öldürtmek üçin taýýarlaýar. Pidaýylaryň ýarygije geljekdigini Seljuk bege habar beripdirler. Subaşy öz ýerinde Karkara hatynyň daýysyny dürli bahanalar bilen aldap ýatyrýar.

Karkara hatynyň ýakyn adamy – daýysy öldürilenden soň Seljuk bege Ýaňykentden Jende gitmekden başga alaç galmaýar.

Bir-ä düýeler, ikinjem ýylanlar, üçünjem hatynlar gaty arçyl bolýarlar. Olaryň bir göwni galsa, tä ölýänçäler ýatlaryndan çykarmaýarlar, amatly pursat tapsalar, hökman arlaryny alýarlar. Karkara hatyn ölýänçä ar alyp gezdi, barybir, az göründi, ölüm ýassygynda ýatyrka, ogly Şamälige sargyt edipdi: «Seljuk neberesini gören ýeriňde öldürgin» diýip. Şamälik enesine beren sözüne wepaly bolup, köp seljuklyny öldürdi, özi hem seljuklylaryň elinden öldi. Seljuk begiň başyndan inen towky tas meniň-de başymdan inipdi.

Altynjan soltanyň bir habar aýtmakçy bolýandygyny aňdy. Ýalňyşman eken:

– Ähli kişi gowy zada hyrydar. Altynjan, seniňem-ä hyrydaryň köp boldy. Ýazyr şalygyna göçüp gitjek bolup durkak, Harys Altyndaş ýörite çapar gönderip, bizi Horezmine çagyrdy. Mallarymyz üçin öri meýdanyny, özlerimiziň ýaşamagymyz üçin ekeran ýer berdi. Indi, görüp otursam, Allatagala meni saňa gowşurmak üçin Horezmine göçürip getiren eken. Indi görüp otursam, sen hakda ýüregime gozgalaň salmak üçin, Gökhuny meniň ýanyma ýörite gönderen eken. Indi, görüp otursam, seniň ýigitlere şert goýup, meniň kastyma ugratmagyň, gelenlerden rüstem çykmagym Allanyň ýazgydy eken. Sen özüň hakda köp zatlary bilmeýärsiň, Altynjan. Seniň üçin iki aznawur[8] başyny goýdy.

Altynjan bu hakda Gökhündan eşidipdi, ýöne hiç zat bilmeýänden boldy.

– Seniň o zatlary bilmeýändigiňi aňýardym. Biler bolsaň, Altynjan, seniň şol sözüňden soň, men ýarym ýylyň içinde bäş sany aznawur bilen ýekme-ýek darkaşa çykmaly boldum. Olaryň ikisi küşdüniň asgynlygyny bilip, söweşsiz gitdi. Üç ýigit welin, Oguz hanyň ýa sen, ýa men diýin «gylyç ýa kepen» däbine eýerip, meniň bilen garpyşdy. Olar gowşak ýigitler däldi, güýçlüdiler, batyrdylar, mertdiler. Ýöne, hemişe güýçli ýeňýär diýen pikir nädogry. Çözgüt Allatagalanyňky. Darkaşlarda Hudaý meni goldady. Döşümde iki sany tyg yzy bar. Ol tyg yzlarynyň birini seniň özüň goýduň, beýlekisini bolsa seniň üçin Gawşfinj şäheriniň häkiminiň ogly Gökhun galdyrdy. Şol ýigit hem maňa seni salgy berdi. Onuň salgysyndan soň Altynjan atly gyzyň meniň üçin dünýä inendigi hakdaky pikir aňymdan aýrylmady.

* * *

Altynjan Kalbynany soltanyň aşhanasyna işe ýerleşdiripdi. Olara ýörite öý satyn alyp beripdi. Käteler ýüzüni garaňka tutup, Kalbynanyň öýüne baryp gaýdýardy, Kalbyna bilen ýaşlygyny ýatlaşýardy. Olaryň ýaşaýan öýüne Togrul soltanyň özem baryp görüpdi. Onuň Gökhunuň öýüne baryp görmegi Altynjanyň islegi bilen däldi, ýok, Altynjan hatynyň kä gijeler bir öýe gidip tä daňdana çenli güýmenýändigini ýörişden gelen Togrul soltana sahyp Dürnazar habar beripdi.

Soltan göni şol salgy berlen öýe barypdy. Gapyny Kalbyna açypdy:

«Kim sen?»

«Kalbyna men».

«Haçandan bäri bu ýerde ýaşaýarsyň?»

«Bir ýyldan bäri».

«Aslyň nireden?!»

«Aslym Zamahşar galasyndan».

«Nireden diýdiň?»

«Zamahşar galasyndan. Meniň babama Ýusup bezirgen diýerdiler. Onuň asly ýunanly bolmaly. Bezirgenlik bilen Basra şäherine baranda, ony tutup alyp gaýdypdyrlar. Babam üç-dört kişä satylypdyr. Onsoň ol ahyr Zamahşarda döwlet tapdy. Abdylmälik hanyň öndürýän halwalaryny, nişallalaryny, keýmir peýkamlaryny satmak işi bilen meşgullanyp, gurplandy».

«Sizi bu ýere Altynjan hatyn ýerleşdirdimi?»

«Altynjanyň ömri zyýada, jany sag bolsun! Dünýä inip, özümi duýup ugranymdan bäri ol maňa çyn howandar. Ol meni ýylgaý goldap, ýylgaý göwnümi göterip geldi. Men oňa ömürbaky minnetdardyryn».

«Gökhun nirede?»

«Ol mundan alty aý öň ýurduny täzeledi. Men indi tenha ýeke galdym. Käteler bir razdarym gelýärdi. Indi ol hem gelenok. Ýarawlygy ýokmuş diýip eşitdim».

«Näme üçin sen onuň ýanyna barmaýarsyň?»

«Barasym gelýär, ýöne onuň ýaly beýik ýerlere gadam basmaga men mynasyp däl».

«Altynjan seni ýanyna çagyranokmy?»

«Ol meni ýanyna çagyrmak isleýär, ýöne men ony soltanyň ýanynda çykgynsyz güne goýmazlyga çalyşýaryn».

«Iýip-içer ýaly zadyň barmy?»

«Altynjan meni hiç zada myzahar edenok, sag bolsun».

Şol duşuşyk hakda Kalbyna Altynjana hiç zat aýtmandy, sebäbi ol özüniň ýanyna kimiň gelendigini anyk bilenokdy, ýöne bu hakda Altynjana soltan aýtdy:

– Ýanyňa Kalbynany çagyr, onuň bilen geçeni ýatlaşarsyňyz.

– Begim, siz Kalbynany nireden tanaýarsyňyz?

– Men Gökhun barada habar eşitjek bolup birki gezek synanyşdym. Görüp otursam, olar biziň şäherimizde ýaşaýan ekenler. Sen olary menden nahan saklapsyň. Men olaryň öýüne baryp gördüm. Özüň ýedi yklymyň soltanynyň hatyny, nedimi, naýyby bolsaňam, çagalyk razdaryňy çetde saklapsyň. Oňarmansyň, Altynjan. Ony köşge getirmegiň gerek. Men Gökhuna minnetdarlyk bildirmek isledim. Şu maksat bilenem ony ýigrimi ýyllap agtardym. Gökhun aýtmadyk-da bolsa, belki, men seni tapardym. Ýöne ol meniň işimi ýeňilleşdiripdi. Men oňa minnetdarlygymy bildirmäge ýetişmändigime gynandym. Ynan, onuň sen hakdaky aýdan sözleri dek ýaňy aýdylan ýaly hakydamda dur.

* * *

– Altynjan, men Diýarbekire baryp gaýdaýsam niçik bolar?!

Altynjan hatyn soltanyň isleýän sözlerini aýtdy:

– Çoh gözel bolar!

– Bilýärmiň näme, indi ençe ýyl bäri men şazada Ýakudy Anadoluda saklaýaryn. Ol maňa duşuşmak isleýändigi, Diýarbekirde garaşjakdygy barada çapar iberipdir. Ol goşunyny goýup meniň ýanyma gelip bilenok. Şazada Anadoluda çäksiz köp ýeňişleri gazandy. Meniň oňa minnetdarlyk bildirmegim, käbir ýerleri, islese, Bagyn bilen Tulhumy, islese, Ergany ykta bermegim, ony ol ýerlere häkim belläp, höweslendirmegim gerek. Derwezata şalygyny döretmek meniň babamyň, Arslan ýabgunyň hemem Ýusup ýabgunyň öňündäki

parzym ahyryn. Kaýsar Konstantin Onunjy Dukas[9] general Merwewe we Urfanyň häkimi Tawdanosa Ýakudy her edip-hesip edip mugyra getirmek barada görkezme beripdir. Kaýsar Ýakudy öldüren adama ýigrimi bäş müň dinar baýrak goýupdyr. Bu zatlar Ýakudy howsala salýar. Men baryp, onuň goragyny güýçlendirmesem, göwnüni götermesem, onda meniň ençe ýyllap eden yhlasym köýer. Şonuň üçin men Diýarbekire baryp gaýdaýyn. Gyssagym özümde bolar. Uzak eglenmän gelerin. Saňa bu ýerde pugta gözegçilik ederler. Men tabşyryk bererin.

– Dogry aýdýarsyňyz, begim – diýip, Altynjan rahat gürledi. – Meniň ýagdaýym gowy indi. Siz meni alada edinmäň!

– Göwnüme bolmasa, sen meniň ýörişe çykmagymy isleýärsiň.

– Onuň sebäbi siz köşkde özüňizi kapasada ýaly duýýarsyňyz. Ýörişlerde siz ähli ownuk-döwnük kesellerden saplanýarsyňyz, gujurlanýarsyňyz. Men siziň mydama sagadat, önjemli bolmagyňyzy isleýärin.

– Meniň göwnüme başga zat gelýär. Men uzak bir ýörişe gitsem, bu pisat pelek seni kösär diýen teşwiş-endişäm bar. Ylaýym, bu ýalançy teşwiş-endise bolsun!

– Bu pikir – gizlemäýin – meniňem aňyma geldi. Siz örän dogry aýtdyňyz: perrendeler, derrendeler öljek bolanlarynda ýanynda hiç bir janly-jandaryň bolmazlygyny isleýärler, görer gözden çekilýärler. Adamlar bolsa, öljek pursady iň ýakyn adamlarynyň başujunda oturmagyny isleýärler. Adamyň öljekdigi bilinse, iň ýakyn adamlary jemlenýär, hoşlaşýarlar. Sähel gorkusy bar bolan kişi iň ýakyn adamlarynyň uzak ýola gitmegini islemeýär. Siz menden arkaýyn boluň, begim!

– Altynjan, men gelýänçäm daşary çykma, birden sowuklaýma. Özüňem hiç bir zadyň aladasyny etme. Anuşirwany-da, Kunduryny-da goýup gitjek. Näme gerek bolsa, olara aýt. Men gelýänçäm olar seniň daşişigiňden aýrylmazlar, durarlar. Seniň maňa aýtjak sözüň barmy?!

– Bir sargydym bar, begim!

– Aýt, aýt. Sen näme sargyt etseň, men seniň şol sargydyňy bitirerin.

– Begim, halyfyň gyzy Seýidde maňyzly-maýaly gyz. Şol gyz siziň ömrüňize ömri-derazlyk, sagadatlygyňyza göwünhoşluk goşup biljek ýegana, özem janperwerlikde, dilrubalykda, hoşterlikde, akyllylykda özge gelin-gyzlardan görnetin parhlanýan ýeke-täk gyz. Menden soň, siz şol gyza öýlenseňiz, men hem bu dünýä, hem o dünýä sizden razy-rahat bolaryn. Siz şol gyza öýlenseňiz, siziň bu dünýäňizem, o dünýäňizem abat bolar, rahat-röwşen bolar[10], begim. Ine, meniň sizden etmek islän iň soňky sargydym şü...

## SÖZSOŇY

Namazşam çagynda Diýarbekire Komnen kaýsarlygyndan[1] bir kerwen geldi. Kerwen ýigrimi düýeden ybaratdy. Otuz töweregi atly bardy, olar kerweni goraýan esgerler bolmaly. Ýöne ol esgerleriň tas ýarysy diýen ýaly aýal maşgalady. Özem olar biçak bezemen geýnendi. Bu kerwen Yspyhana barýan eken. Togrul soltanyň Diýarbekirdedigini eşidip, bu ýere gelipdirler.

Togrul soltan rumlularyň daşarda özi bilen duşuşmak isleýändiklerini eşidip, daşaryk çykdy.

Üç-dört kişi soltanyň öňünde tagzym etdi. Olar özleriniň Wizantiýa kaýsarlygyndan ýörite ugradylandygyny aýtdylar.

Togrul soltan ýunança gürleýän ilçileri, zenanlary görüp, Altynjan hatyny ýatlady. «Wah, häzir ýanymda Altynjan ýok-da, ýogsam ol bu gelenleriň sözlerini terjime ederdi. Bular bilen hezil edip ýunança gürleşerdi».

Ine, Togrul soltanyň gaşynda iki sany orta ýaşlaryndaky çypar erkek kişi bilen ýaşy durugyşan bir aýal maşgala dur. Gelenleriň ählisiniň gözleriniň göklügi soltana Gutulmyşy ýatlatdy. Çünki onuň-da gözi gökdi.

– Eý, Gündogaryň beýik hökümdary, yslamyň din gylyjy Muhammet Togrul soltan ibn Mykaýyl! – diýip, üç çyparyň sag tarapda durany türkmençe çalgyrt gürläp ugrady. – Biz size Beýik Wizantiýanyň kaýsary Konstantin Dukas Onunjydan köp-köp dogaýy salam getirdik. Biziň beýik kaýsarymyz, şeýle hem gözel Ýewdokiýa[2] Size we Siziň hatynyňyz, belent mertebeli Altynjan bint Abdylmälige Allatagalanyň ýalkawynda uzak ýaş, berk jan saglyk, rowaçlyk dileg edýärler. Biz siziň mübärek gadamlaryňyza, yslam dininiň päkligi, durnuklylygy ugrunda alyp barýan işleriňize tüýs ýürekden guwanýarys. Biziň bu ýere gelmegimize eşiden şum habarymyz sebäp boldy...

– Şum habar? O nähili şum habar? – diýip, soltan geňirgendi.

– Meniň günämi ötüň, merhemetli soltan. Men öz pikirimi türkmençe nädogry beýan eden bolmagym mümkin...

– Sen türkmenmi?

– Ýok, men wizantiýaly. Nasybinde doguldym, dört ýaşymda bir türkmeniň ýesiri boldum. Töwrizde on bäş ýyl türkmen söwdagäriniň gapysynda gul bolup ýaşadym. Soň bagtym göterlip, garyndaşym Ewdokiýanyň gullugyna bardym. Ine, häzirem Ýewdokiýa melikämiziň hemem kaýsar Konstantin Dukas Onunjynyň tabşyrygy bilen siziň ýanyňyza geldim. Melikämiz Ýewdokiýa siziň hatynyňyz Altynjan melikäni aýratyn hatyralaýar. Ony diňe biziň melikämiz däl, ähli wizantiýalylar hatyralaýar. Onuň edermenlikleri hakda il arasynda köp-köp rowaýatlar bar.

– Rowaýatlar?!

– Hawa, hawa, rowaýatlar – diýip, wizantiýaly has janykdy. – Biz Altynjan melikäniň deňsiz-taýsyz söweşijidigi, gylyçlaşmakda öňüne çykyp biljek söweşijiniň ýokdugy, uçup barýan bürgüdiň gözünden urýandygy, söweş hem harby tilsimlerde çäksiz ökdedigi hakda örän köp rowaýatlary eşitdik. Onuň siziň sowgat beren asfury hanjaryňyz, şol hanjaryňyzda nyşana urmakdaky ussatlygy hakda-ha rowaýatlar hasam köp. Hemedanda öz üstüne okdurylan weziri ýigrimi zirag çemesi aralykdan siziň sowgat beren asfury hanjaryňyzy zyňyp öldürişi hakda-da, şol gezek hanjaryny zyňanda iň bärkisi wezire tarap seretmändigi hakda hem eşitdik. Ýöne Altynjan hatyn Bagdatda hem Hemedanda bagryndan iki gezek agyr ýaralanypdyr. Ondan bäri bir ýyl geçen-de bolsa, ýara bitmändir, gaýtam, uly howpa öwrülipdir diýip eşitdik. Biziň Ýewdokiýa melikämiz bu habary eşidip biçak gynandy. Onsoň kaýsar Konstantin Dukas Onunjy bilen melike Ýewdokiýa bizi ýanyna çagyrdy, ýurduň iň ökde aýal tebiplerini ýygnamagy tabşyrdy. Bir aýyň dowamynda Gündogar Wizantiýamyzdaky iň ökde tebipleri jemledik, iň ýaramly däri-dermanlary, şeýle hem Altynjan melikäniň hoşuna geljek gymmatbaha harytlary, egin-eşikleri, nygmatlary ýygnadyk. Ýigrimi düýä urlan ýükler hatyraly Altynjan melikäniň sagalmagyna, göwnüni şat etmegine niýetlenilen zatlar.

Wizantiýalynyň uzyn nutugy soltany ýadadan bolarly, ol töweregine garanjaklady.

– Hatynlaryň dünýäsi erkek kişileriňkiden parhly bolýar, merhemetli soltan. Olaryň dünýäsinde serhet ýok... – diýip, gözi gemrewli ikinji wizantiýaly dillendi.

– Maksadyňyz näme?

– Rugsat berseňiz, Altynjan melikäniň dergähine barmak, oňa ýagşydan-ýagşy emleri etmek. Hemem Ýewdokiýa melikämiziň ýazan hatyny gowşurmak – diýip, gözi germewli wizantiýaly gorky bilen soltana seretdi. Yzda duran wizantiýalylaryň birisi içi hatly altyn gutujygy uzatdy.

Soltan uzadylan gutujygy almady.

– Näsag ýatan adama sähel zadam uly derman. Ýewdokiýa melikämiziň yhlasy-da Altynjan melikä medet berer diýip pikir edýäris. Hatynlaryň üýtgeşik dünýäsi bar, kyblaýy älem... – diýip, gözi gemrewli wizantiýaly şelaýyn ýylgyrdy.

Togrul soltan onuň sözüni halamady, yzyna öwrüldi-de, bargähine bakan ugrady.

Wizantiýalylar çykgynsyz ýagdaýa düşdüler.

Indi näme etmeli?

Soltanyň nedimi, hajyby Abdyrahman Agajy geldi-de, olary Altynjan melikäniň ýanyna – Yspyhana däl-de, Zenjana ýola saldy. Ýüz sany atlyny ýolbeledi hem gorag hökmünde kerweniň ýanyna goşdy.

* * *

Şol gije Togrul soltanyň gözüne uky gelmedi, demi gysdy. Bu gün onuň üçin agyr gün boldy. Ol Hafajyny Kufäniň häkimliginden düşürdi hemem ony dört müň dinar jerime tölemäge borçly etdi. Hafajynyň: «Dört müň dinarym ýok» diýip gözýaş döküşi, öýüniň döküljekdigi aýdylanda bolsa, ýer ogşap sähel salymyň içinde dört müň dinar getirip gidişi[3], üznüksiz alkyş okaýşy Togrul soltanyň göz öňünden aýrylmady.

Wizantiýalylar gidensoň soltan ýene Hafajyny ýatlady, ýöne bu sapar işden aýrylan häkimiň arkasynda Altynjan janlandy.

Soltan Altynjan bilen baglanyşykly wakalary hezil edip ýatlady. Ol wakalary ýatladygyça ýatlasy geldi. Altynjany ilkinji gezek gören pursadyny, şonda onuň özüne gazap bilen bakyşyny göz öňünden geçirdi.

Togrul soltan Altynjany göterip, soňundan ýere zyňyşyny ýatlady, ençe ýyl geçenden soň şondaky gödek daraşmasyna puşman etdi. Hyrçyny dişledi.

Altynjan gamçynyň awusyny merdi-merdanalyk bilen çekipdi şonda. Bolgusyz zat üçin – näme üçindigi soltanyň ýadyna düşmedi, rast, ýadyna düşenok, diýmek, bolgusyz bir zat bolmaly ol – urup, dünýä inmeli bigünä çagany öli düşüripdi. Togrul begiň bir zat welin ýadyndan çykanokdy: Ybraýym oňa birki gezek Altynjany ýamanlapdy, soňky gezek bolsa Togrul begi gazap atyna atlandyrypdy. Ybraýymyň aýdan zatlary ýalan bolup çykypdy. Soň munuň üçin Ybraýym Togrul begden telim ýola ötünç hem sorapdy, ýöne

boljak iş bolupdy. Şonda Ybraýymyň aýdan, Togrul begi dälilik hetdine ýetiren töhmediň nämedigini gizlin saklapdylar. Ony Altynjan hem bilenokdy. Ol adamsyny gazap atyna atlandyran şyltagy Ybraýym atandyr öýdüp güman hem etmändi. Onuň Peýkamdan göwni garalypdy. Ýok, ol ynanypdy: «Peýkam nejis adam. Ol maňa şyltak atyp, Togrul begiň meni urmagyna, çagamyň düşmegine sebäp boldy». Altynjan bu pikirine berk ynanýardy. Bu hakda Ybraýyma-da telim ýola aýdypdy. Şonda Ybraýym mönsüräp, hiç zatdan habarsyz kişi bolupdy. Içinden welin heşelle kakypdy.

Togrul beg Ybraýymyň bilgeşleýin şyltak atandygyny bilenden soň ony ýazgarypdy. Şondan soň onuň ýanynda ýüregini açmandy, aralaryna sowuklyk düşüpdi. Şol sowuklyk hem Ybraýymyň ölümi bilen soňlanypdy.

Soltan soňky günler ömrüniň paýawlandygy, wagt, Altynjan hakda köp oýlanýardy. Ömrüniň şeýle tiz geçendigine, muny duýmandygyna oturyp-oturyp haýran galýardy.

Wagt hemişe az ýaly, ýöne ol gutaranok, peýany ýok, ömür hemişe uzak ýaly, ýöne ol tiz gutarýar, özem ol, köplenç, ät galdyryp, garaşman durkaň, deşbi-dähil gutarýar. Adam gyzgyn-gyzgyn mähir siňdirip, özüniňki saýyp ýören mähriban-janperwer dünýäsinden gaýa-gopuz ýokka, esassyz rehimsizlige, hötjetlige garaşanok. Adam, herhal, düşünişmek, düşünmek isleýär, entek onuň etmeli köp-köp işleri garaşyp dur. Ömrüň bereketli güýzi ýaňy başlandy ahyryn.

Togrul beg sop-sommagy bilen berlip sarsmaz şadöwlet döretdi. Indi bitirilen işleriň hözirini görüp, najyrap ýaşamaly döwür geldi.

„Haý, wagtyň ediberşini! Ol pyşdyl ýörişi bilen geçmeýänden bolup görünýär. Asyl ol laçyn uçuşly eken-ä. „Ýylp“ edip geçip gidipdir-ä. Geçenini duýman galypdyryn. Ynha, indi aňýaryn.

Ertir Ýusuba duşup, şol ýerden göni Altynjanyň ýanyna gideýin. Galanja ömrümi onuň bilen jukguldaşyp geçireýin. Ol maňa ömrüni bagyşlady, işlerimiň rowaç, at-abraýymyň artyk bolmagy üçin öjemel jan çekdi. Men uly zyýapat gurnap soltanaty Süleýmana tabşyraýyn, galan ömrümi Altynjana bagyşlajakdygymy ähli kişä açyk aýdaýyn.

Goý, ähli millet türkmenleriň hatynyny nähili sarpalaýandygyny göz edinsin.

Allatagala meni ýalkady: şu beýik derejä ýetirmek üçin maňa Altynjany bagyş eýledi. Dünýäde Altynjan deýin ýekeje-de beýik hatyn ýokdur. Akyl-paýhas, hatynaklyk, janymaklyk, öjemellik, okunlyk, geçirimlilik, merdi-merdanalyk, owadanlyk babatda oňa taý geljek zenan tapylmaz. Hakykatdanam, men jahangirlige giriftar bolup, Altynjana az hyzmat etdim. Men oňa hökman hyzmat etmeli, süňk döwýän hoşamaý-hoşamaý sözleri aýdyp, göwnüni awlamaly. Oňa näçe hyzmat etsemem azdyr, men ony aýamda götermeli. Hut şeýle hem ederin. Wagt meni indi ät galdyryp bilmez...“

Ýatlamalara çümüp oturan Togrul soltana birden älem gapyşan ýaly boldy. Ol «Altynjan! Altynjan!» diýip pyşyrdady.

Soltan giň içerä sygman, atylyp daşaryk çykdy.

Onuň daşaryk çykandygyny gören Agajy bilen emir Uhjury ylgap geldi:

– Kyblaýy älemim, bir zat gerekmi?!

– Uklap bilemok. Ýüregim titreýär, ýüregim agzymdan çykaýjak bolýar.

Emir Uhjury misgin ýylgyrdy:

– Melikämizi gözleýärsiňizmi, çagyraýynmy?

– Kimi, kimi?

– Altynjan hatyny...

– Goýsana, emir. Özüň bilýärsiň-ä, Altynjan Zenjanda.

– Bizem şeýle pikirdedik. Şonuň üçin wizantiýalylary-da Zenjana ugratdyk. Dogrusy, melikämiziň haçan içerik girenini görmän galypdyrys. Mirşeplerem melikäniň siziň bargähiňize haçan girendigini bilenoklar.

– Diýýäniň näme seniň, emir?! Altynjan Zenjanda.

Uhjury ýene ýylgyrjaklady:

– Bolýar, bolýar, kyblaýy älemim. Men hiç zat göremok, hiç zat bilemok.

– Näme gördüň?

– Altynjan melike siziň ýanyňyzda eken-ä. Näme hyzmat etmeli bolsa, biz taýýar, kyblaýy älemim.

– «Altynjan şu ýerde» diýip, saňa kim aýtdy?

– Hiç kim aýdanok.

– Onda näme üçin «Altynjan şu ýerde» diýýärsiň?

– Men ony, ine, hut şu iki çöňňe gözlerim bilen gördüm. Ony diňe men däl, hajyp Abdyrahman Agajy hem gördi.

– Emir dogry aýdýar. Hatyny ýap-ýaňyja menem gördüm – diýip, hajyp Abdyrahman Agajy emir Uhjurynyň sözlerini tassyklady.

– «Gördüm» diýýärsiňizmi?

– Hawa, gördük, merhemetli kyblaýy älemim.

– Haçan?

– Sizden sähelçe salym öň daşaryk çykdy ol. Ony diňe emir ikimiz däl, şu duran mirşeplerem gördi – diýip, Abdyrahman Agajy gapdalynda doňan ýaly bolup duran uzyn murtly mirşepe ýüzlendi: – Ýaňy Altynjan hatyn bargähden çykdy gerek?!

– Ýaňyja gapdalymdan geçip gitdi, merhemetli soltanym – diýip, mirşep aňyş-maňyş bolup durşuna aýtdy.

– Men Altynjan melikämiziň şu ýerdedigini bilmändirin – diýip, Abdyrahman Agajy gara çyny bilen janykdy.

– Hany ol?!

– Ine, şu hyma girdi – diýip, emir Uhjury soltanyň bargähiniň sol tarapyndaky hymany görkezdi. – Men melikämize salam berdim. Ol meniň bilen mylakatly salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy. Men Allatagalanyň gudratyna haýran galýaryn: Altynjan hatyny göreniňde oňa orta ýaşan hatyndyr öýder ýaly däl. Ol hakyt ulugyza meňzeýär. Gara çynym, ol hakyt perizat. Ol size mynasyp hatyn. Men ony başda görenimde: «Bä, bu owadan gyz bu ýerde näme iş edýärkä?» diýip pikir etdim. Görsem bolsa, ol hakyt Altynjan melikämiz eken. Mundan ýigrimi ýyl öňki owadanlygyny birjik-de kemmändir. «Nädip garraman saklanýarka?!» diýip oýlandym men. Altynjan hatyn: «Eý, emir, soltanymyzy gözüňiziň göreji ýaly goraň. Soltanymyzyň jany sag bolsa, ähli zat gowulyk, abadanlyk bolar» diýdi. Men nähili ýumuş bar bolsa, şol ýumşy bitirmäge özümiň taýýardygymy aýtdym. Hatyn: «Hökümdaryň hiç zady kem bolmasyn. Ony goraň, mertebeläň. Meniň sizden başga towakgam ýok» diýdi.

Emir Uhjurydan bu sözleri eşiden Togrul soltanyň ýüzi oda tutulan ýaly gara-çowlam boldy, ol zähreteleklik birle ellerini ýokary uzatdy, soň aşak çökdi, ýere maňlaýyny urup, aýylganç bir ses edip gygyrdy.

– Altynjan!.. Altynjan!..

– Size näme boldy, merhemetli soltanym?!

– Altynjan öldi, Altynjan!..

– Ol häh-häzirem bardy. Ol, ine, şol bargähe girdi. Egninde ap-ak atlaz çenberi bardy. Uçjak guw ýalydy ol.

– Gepleme, gepleme!.. – diýip, soltan gul-gula turuzdy.

...Altynjan hatynyň Diýarbekirde soltanyň bargähinden çykyp gidendigine köpler ynanmady, ýöne onuň bargähden çykan pursady Zenjanda wepat edendigi welin hakykatdy...

Wallahy aglam bissewap – dogrusyny Alla bilýär.

## DÜŞÜNDIRIŞLER

### Birinji hekaýat

1. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

2. Ibn Esir özüniň «Kämil taryh» atly kitabynda Gutulmyşyň ýyldyz ylmyny (ýyldyzlara seredip boljak zatlary öňünden bilmek ylmy) hem-de millet ylmyny (etnografiýa) bilendigini, onuň neberesiniň hem bu köneden gelýän ylymlary öwrenmegi taşlamandyklaryny we başgalary-da özlerine çekendigini ýazýar.

3. Kerimeddin Mahmyt Aksaraýly. Musameretül ahwar (Habarlaryň mejlisi).

4. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

5. Faruk Sümer. Oguzlar – türkmenler. A. 1999 ý. Liparitiň öz pidýesi görkezilen möçberdäki baýlygy hödürländigi ibn Esiriň, Taňryberdi Atabegiň we beýleki awtorlaryň kitaplarynda gaýtalanýar.

6. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

7. Faruk Sümer. Oguzlar – türkmenler. A. 1999.

8. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

9. Kerimeddin Mahmyt Aksaraýly. Musameretül ahwar. (Habarlaryň mejlisi).

10. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

11. Kawkaz gadym döwürlerde daşary yurt basybalyjylaryna garaşlydy. Bu ajaýyp tebigatly ülkäni başda pars şalarynyň oturdan marzibanlary, soň Wizantiýanyň kuropalatlary, arap halyflarynyň ostikanlary dolandyrdy. Bu ülkede köp sanly halkyýetler we halklar ýaşaýar.

Ermeniler miladydan öňki XV – XIV asyrlarda muşklar diýlip atlandyrylýardy. Olar Balkan ýarym adalaryndan Kiçi Aziýa göçüp gelipdiler. Miladydan öňki VII asyrda midiýalylaryň we skifleriň Urartu şalygyny kül-peýekun etmegi bilen bolsa muşklar – ermeniler Zakawkaziýäni ýurt tutundylar we bu ýeriniň tebigatyna, durmuşyna tiz uýgunlaşdylar.

## Ikinji hekaýat

1. **Abu Kalyjar** – Abu Kalyjar Garşap I (1041 – 1048 ý. oktýabr aýy) – Kaku şalygynyň soltany.

2. **Kaku hanedanlygy** (Kaku – deýlem şiwesinde «daýy» diýmegi aňladýar) – 1008 – 1051-nji ýyllar aralygynda dowam edýär. Bu döwleti Togrul beg öz tabynlygyna geçirýär. Bu döwlet häzirki döwürde Merkezi we Günbatar Eýranyň çäklerinde ýerleşipdi.

3. **Buid (Büweýh) şalygy** – (932 – 1062 ý.) Eýrany, Huzistany, Kermany, Jibaly, Reýi, Yragy elde saklaýardy. Külli musulmanlaryň merkezi, paýtagty Bagdatdy. Abbasy halyfy hem Bagdatdady.

4. **Şams ad-Daula** (997 – 1021 ý.) – büweýh soltany.

5. **Öwez** – Alparslan. Togrul beg agasy Çagry begiň ogly Alparslany ogullyk alýar, onuň Alparslany «Öwez» diýip atlandyrmagy ýogalan çagasynyň öwezine gelen hasaplamagydyr.

6. **Hatyn** – seljuk soltanlarynyň aýallary, adatça, «hatyn» çinini dakynypdyrlar. Olar köşk durmuşynda aýgytly orunlary eýeläpdirler we döwleti dolandyrmak işlerine-de gatnaşypdyrlar. Hatyn çinini alanlaryň öz mülkleri, köşkleri, diwanhanalary, wezirleri we emeldarlary bolupdyr.

## Dördünji hekaýat

1. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

2. **Abu Muslim** – Idris ibn Idrisiň Isa we Makil diýen ogullarynyň guly bolupdyr. Ol on sekiz ýaşynda (743 – 744 ý) Merw şäherine Apbasy wagyzçylarynyň başlygy wezipesine ugradylýar. Ol Merwde emewi hanedanlygyny agdaryp, Apbasy halypalygynyň döremeginde iň esasy hyzmat görkezen serkerdedir. Ilki Horasany, soň Yragy öz tabynlygyna girizýär. Ilkinji Apbasy halyfy as Saffaryň (749 – 754 ý.), ikinji halyf Abu Jaafar al-Mansuryň (754 – 775 ý.) hökümdarlyklarynyň giň gerim almagynda Abu Muslimiň hyzmaty uly bolýar.

Halkyň arasynda abraýy biçak uly bolansoň, ikinji halyf Mansur 755-nji ýylda Abu Muslimi Mekgä haja barýarka köşgüne çagyryp, wagşylyk bilen öldürýär. Çünki Abu Muslim indi Apbasy halypalygy üçin gerek däldi, ol halyflyk üçin öz etmeli işini ýerine ýetiripdi.

**Barmakylar** – Apbasy halyflygynyň döremeginde, berkemeginde, uly iş bitiren neberedir. Barmakylar apbasy halyflary as-Saffahyň, al-Mansuryň, Harun ar-Raşidiň wezirleri bolupdyrlar. Ýahýa Halyt Barmakynyň Pazl, Japar, Muhammet, Musa atly dört ogly bolupdyr. Balhda doglan, asly pars bolan Barmakynyň ogullaryndan Pazl bilen Japar kakasynyň ýoluny alyp barýardylar, olar atly-abraýly wezirdiler, Muhammet bilen Musa bolsa emirdiler, olaryň hersiniň häkimlik edýän welaýatlary bardy.

Olaryň at-abraýy musulman älemine dolupdy, hiç bir nebere Barmaky neberesiniňki deýin şan-şöhrata eýe bolmandyr.

Harun ar-Raşit Japar weziriniň öňünde täsin şert goýýar. Halyf oňa öz uýasyny durmuşa çykarýar: är-aýal ýaly bir öýde ýaşamaly, ýöne jynsy gatnaşygy etmeli däl. Japar bu şerti islemese-de, kabul etmeli bolýar. Ýöne ýyly ýorganyň aşagynda, ýyly gujakda, ýyly dem ýüzüňe çabrap durka halyfyň gazaby-da gözüňe görünmez eken. Japaryňky-da şeýle bolýar. Netijede, perzent dünýä inýär. Ekin ekseň, gögerýär ahyryn! Bu hakykaty Harun ar-Raşit eşidýär.

Hijriniň 180-nji, miladynyň 797-nji ýylynda Harun ar-Raşit haja ugraýar. Ýolda ol Barmaky neberesini, özüniň ýaşajyk ýegenini öldürdýär. Herki zadyň soňy bar, herki zadyň öz jezasy bar. Aşa yhlas hem hatarly. Barmakylaryň bar «günäsi» aşa yhlasy, hyzmaty. Ybraýym ynal hem özüni Abu Muslim, Barmakylar bilen deňeýär.

3. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

4. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

5. **Tekhir** – öňünden äge etmek, nesihat bermek, möminleri «ýaramaz» hereketlerden saklaýan wagyz-nesihatyň bir görnüşi.

### Ýedinji hekaýat

1. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

2. **Dejle** – Tigr derýasy. Günbatar Aziýadaky iň uly derýa. Uzynlygy 2 müň kilometr. Türkiýäniň günbatarynda ýerleşýän Wan kölüniň töweregindäki daglardan başlanýar. Diýarbekir, Mosul, Bagdat şäherlerinden geçip, Ýewfrat derýasy bilen birleşýär.

3. **Amydylmülk** ( Umadylmülk) – şalyk mülküniň diregi. Bu lakam Togrul begiň weziri Abu Nasyr Muhammet bin Abu Salyh bin Mansur bin Muhammet Kundury Jerraha degişlidir. Kundury öz döwrüniň iň sahy, geçirimli, uly at-owazaly, edebiýatçy şahsyýetleriň biri hasaplanýar. Ol 1068-nji ýylda Alparslan tarapyndan öldürilýär. Alparslan ilki ony gabanyp, işinden çetleşdirýär, soň Nyzamylmülküň üznüksiz ýamanlamagy netijesinde öldürýär.

4. **Uweýs Karani** (Weýsel Gara, Weýis baba) – Bedr guýusynyň ýanynda bolan söweş wagtynda Muhammet aleýhissalamyň bir dişi gaçýar. Muhammet pygambere düýrmegi bilen uýýan ýemenli sopy Uweýs Karani pygambere duýgudaşlyk bildirmek maksady bilen özüniň ähli dişini ýeke-ýekeden goparypdyr. Uweýs Karaniniň otuz iki dişi bilen Muhammet pygamberiň bir dişi musulman tesbisini emele getiripdir. Onuň ikinji bölegi «tahmit» diýlip atlandyrylýar. Üçünji böleginiň ady bolsa «takbir» bolmaly.

5. **Al-ydrarat** – pensiýa. «Türkmen şalyklarynda şeýle bir edehät bardy, olar özünden ozalky şalaryň, hanlaryň bellän ydraratlaryny, hamana, özleri bellän ýaly tölärdiler, hatda basyp alan ýurtlarynda duşman şanyň bellän ydraratlarynam wagtynda tölärdiler. Olar şonuň ýaly, ozaldan tölenip ýören zatlary ýatyrmagy ýaramaz alamat bilerdiler, soltan Mahmyt ibn Söbükteginiň tölemeli eden adamlaryna hem wagtly-wagtyndajyk hakyny bererdiler. Söbükteginden soň seljuk şalary Söbükteginiň bellän ydraratlaryny tölediler, özlerem ydraratlary bellediler. Horezmşalary bolsa seljuk şalarynyň bu asylly däbini gylyny gymyldatman durmuşa geçirýärdiler». (Muhammet Nesewi. Soltan Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany. 2001 ý.).

### Sekizinji hekaýat

1. **Abu Tammam at Taý** – görnükli orta asyr arap şahyry (788 – 845 ý.).

**Abu Hafs aş-Şadranjy** – IX asyrda ýaşap öten görnükli türkmen şahyry, edebiýatçysy, küştçüsi.

2. **Abu Nuwas** – 762 – 813-nji ýyllarda ýaşan görnükli arap şahyry. Ol öz döwründe meý hakdaky şygyrlary bilen has meşhurlyk gazanypdyr.

### Dokuzynjy hekaýat

1. Abu Aly ibn Sina. Lukmançylyk ylmynyň kanunlary. 1-nji jilt. A., 2004.

2. **Timýan** – efir ýagy alynýan, maýda gülli, ýakymly ysly gyrymsy ösümlik (Abu Aly ibn Sina. Lukmançylyk ylmynyň kanunlary, 1-nji jilt, 714 sah. A. 2004).

3. **Ritl** – 500 grama deň bolan agyrlyk ölçegi.

4. Abu Aly ibn Sina. Lukmançylyk ylmynyň kanunlary. 1-nji jilt. A., 2004.

### Onunjy hekaýat

1. **Üstaduddar** – hazynanyň girdejisinden we salgytlardan belli bir mukdaryny alyp, ol pullary aşhanalaryň, köşk emeldarlarynyň üpjünçiligine harç edýän adam; **salahdar** – ýarag ýasaýjylara we soltanyň ýaraghanasyna ýolbaşçylyk edýän adam; **emiri alam** – soltanyň baýdagyny göterýänlere ýolbaşçylyk edýän adam; **taştdar** – hökümdar elini ýuwanda kündügiň suwunyň mylaýym taýýarlanmagyna serediji, şeýle hem soltanyň iýjek naharynyň tagamyny barlaýjy; **emiri çaşnigir** – hökümdaryň naharynyň taýýarlanmagyny üpjün ediji; **emiri şikar** – soltanyň aw gurallaryna gözegçilik edýän, şeýle hem soltan awdaka onuň ýanynda bolýan adam. Aw – goşunyň söweş türgenleşigidir. Awy gurnamak we awuň haýsy ýerde edilse gowy boljakdygyny salgy bermek emiri şikaryň borjy; **emiri ahyr** – soltanyň atbakary, attutary; **döwetdar** – soltanyň ýazgy ýazýan esbaplaryna serediji; **kyssadar** – arzalary kabul ediji. Her çarşenbe agşamy kyssadar gelen arzalar hakda, olarda aýdylýan zatlar hakda soltana habar berýär; **jamedar** – soltanyň geýim-gejimlerine jogap berýär.

2. **Diwany-has** – seljuklylar zamanynda baş şamülki edarasy. Ol şol bir wagtyň özünde soltanyň şahsy diwany hem bolupdyr. Onuň garamagyna gozgalýan we gozgalmaýan emläkleriň hemmesi, şonuň ýaly-da dolandyrýan neberäniň hazyna jaýy degişli bolupdyr. Bu diwan soltanyň emlägini, ýerlerini dolandyrypdyr.

3. **Nobat** – hökümdarlyk köşgüniň ýa-da çadyrynyň gapysynyň öňünde belli wagtlarda, esasan-da namaz wagtlarynda saz çalýan topara berlen at. Saz çalyjylar owsun atyp duran birmeňzeş ak ýüpek geýimleri geýýärler. Olaryň egin-eşikleri, saz gurallary gymmatbaha daşlar bilen bezelen, özüne çekiji bolýar. Nobatda her günde namaz wagtyny habar bermek üçin, esasan, dowul saz guralyny peýdalanýarlar. Käbir alymlar «nobat» sözüniň sözköküni sazlaryň nobatma-nobat çalynýandygy esasynda dörän diýip hasap edýär.

4. **Saz** – gadymy saz guraly.

5. **Hansalar** – soltanyň aşhanasynyň ýolbaşçysy, emiri.

6. **Şamäligiň gaçyşy** – bäş ýüz kilometr ýol geçendigi hakdaky maglumatlar Ibn Esiriň, Baýhakynyň, Faruk Sümeriň kitaplaryndaky maglumatlar esasynda alyndy.

7. **Gara ölüm** – ölümiň üç hili görnüşi bolýar: ak ölüm, gara ölüm, gyzyl ölüm. Ak ölüm – öz ajalyňa; gara ölüm – bogulyp; gyzyl ölüm sütem görüp ölmekdir.

### On birinji hekaýat

1. **It gary** – gyşyň birinji gary. It gary topbak tutmaýar, ol şeker deýin seçelenýär.

2. **Köwüşberdar** – soltanyň köwşüni göterýän we köwüşlerine serenjam berýän hyzmatkär.

3. **Püreç** – ýeňi uzyn, ýelbegeý atynmak üçin niýetlenilen galyň don.

### On ikinji hekaýat

1. **Hutba** – juma namazyndan öň, baýram namazyndan soň metjitde münbere çykylyp edilýän öwüt-ündew. Hutba okaýan din hadymyna hatyp diýilýär.

2. **Kunýa** – ady. Ibn – ogly diýmegi aňladýar. Şol döwürde adamlaryň atlary, familiýalary şeýle tutulypdyr.

3. **Nehrewan şäheri** – Bagdat şäheri bilen Wasyt şäheriniň arasynda Dejle derýasynyň gündogar kenarynda ýerleşýän şäher.

4. **Annap** – serhoş ediji içgileri ýasamak, satmak bilen meşgullanýan adam.

### On dördünji hekaýat

1. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

2. **Pidaýy** – adam öldürmek üçin ýörite taýýarlanylan ganhor.

### On altynjy hekaýat

1. **Çarmyh** – bu Dürnazaryň lakamy. Elbetde, çarmyh onuň ýok ýerinde aýdylýardy, hiç kim onuň ýüzüne «Garmyh» diýip bilenokdy. Dürnazara bu lakamyň galmagynyň sebäbi adamlary çarmyh usuly bilen jezalandyrmaga ýykgyn edýänligi üçindi. Çarmyh etmek – jezalandyryş usulynyň bir görnüşi. Bu usul boýunça jeza berlende jeza berilýäniň iki elini we iki aýagyny dört myha berk baglaýarlar. Çar tarapyndan myha daňlan adam hiç hili hereket edip bilmeýär. Soň çarmyhdaky adamdan eşitmek isleýän habaryny almak üçin her hili jeza berip, urup ugraýarlar. Çarmyhdaky adam bolsa goranyp bilmeýär. Dürnazar çarmyhda köp adama jeza berip, gynap, ölümine sebäp bolupdy. Şeýle bolansoň, ony juda rehimsiz hasaplaýardylar.

2. **Aýýar** – aňtawçy, içaly.

3. **Ala-mula at** – ilçiler, aragatnaşyk bilen meşgullanýan askudarlar ýörite ala-mula reňkli atlary münüpdirler.

4. Gurduň (Kawurdyň) tygşytly şa bolandygy Kirmanda otuz dört ýyllap şa bolan döwründe «onuň pul baýlygynyň bir zerre-de artmandygy ýa-da azalmandygy» hakda Muhammet ibn Ybraýymyň «Seljuklar we oguzlar Kirmanda» (Kirmanyň taryhy) atly kitabynda giňişleýin maglumat berilýär.

### On ýedinji hekaýat

1. Ibn Kesir. Başlangyçdan ahyra çenli. Stambul, 1954.
2. Gurhan. 9-njy süre, 120-nji aýat.
3. Kerimeddin Mahmyt Aksaraýly. Musameretül ahbar (Habarlaryň mejlisi). Ankara, 1983.
4. **Kirewke** – söweş geýimi.
5. Ibn Kesir. Başlangyçdan ahyra çenli. Stambul, 1954.

### On sekizinji hekaýat

1. **Tenasuh** – ölen adamyň ruhunyň täze dogan organizme geçmegi baradaky dini-mistiki taglymat.
2. **Yrfan** – sopuçylyk.
3. **Meşaýy** – sözme-söz manysy «ýol ýöreýän, ýol geçýän». Aristoteliň pelsepesine meşa hikmeti diýilýär. Çünki ol öz ynanç-garaýyşlaryny ýöreýän, hereket edýän ýagdaýynda beýan edipdir.
4. **Akym** – 1. Çagasy bolmaýan, dogurmaýan (aýal), dogurtmaýan (erkek). 2. Netijesi we miwesi bolmaýan. 3. Güýçli uruş. 4. Peýdasyz ýel.
5. Gurhanyň 2-nji süresiniň 386-njy aýaty.

### On dokuzynjy hekaýat

1. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
2. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.
3. Harun ar-Raşit halyflyk eden döwründe Aly Isa Mahan Merwde oturyp Horasany dolandyrýardy. Halyf ondan närazydy: halk bir aýal sebäpli turan topalaňa goşulypdy. Halyf halky köşeşdirmek, Aly Isany wezipesinden aýyrmak üçin bir tilsim ulanmagy makul bildi. Ol öz belli serkerdesi Herseme Agýany ýanyna çagyryp, oňa anyk görkezme beripdir: «Seni möhüm tabşyryk bilen Merwe ugradýaryn. Bu tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin sen ätiýaçlyk şertini, hüşgärlik inçeligini berjaý etmelisiň. Öz goşunyňa: «Möminleriň emiri meni Aly Isa bilen bilelikde Rafygyň garşysyna söweşer ýaly, onuň mededine iberýär» diýersiň. Aly Isanyň özüne bolsa: «Men saňa ýardam, goldaw bermek üçin gelýärin» diýip aýdarsyň. Onsoň haçan-da ol ýanyňda ýeke bolan çagy ony tussag edersiň hemem ony meniň ýanyma ibererersiň» diýýär.

Halyf Hersemä ýigrimi müň atly berdi. Herseme leşgeri bilen Hemedana ýeteninde Aly Isaga habar gönderdi, özüniň goldaw bermek üçin ugradylandygyny aýtdy.

Aly Isa özüne «kömek» bermek üçin gelýän Hersemi garşylady, ikisi hem biri-birini hormatlady. Tä bir depäniň ýanyna ýetýänçäler uýan deňläp ýörediler. Şol ýerde Aly Isa uýanyny çekip, Hemsemä aýtdy: «Öňden ýöre!» Hemseme oňa: «Emir men däl, sen! Meni saňa kömek etmek üçin iberdiler. Şonuň üçinem sen öňden ýöre!» diýdi.

Aly Isa bu sözden ýüregi gylawlandy. Onsoň Merwe gitdiler. Herseme Aly Isanyň köşgünde düşledi, amatly pursat döränDe ony tussag etdi, oňa halyfyň işden boşadyş permanyny görkezdi. Soňra juma metjidine baryp, özüniň emir bellenendigi baradaky permany köpçülige okap berdi.

### Ýigriminji hekaýat

1. **«Şanamanyň» watany** – Sistan ülkesi. Sistan – sak sözkökündendir. Bu ülke saklaryň – türkmenleriň ýaşan ülkesidir. (Raýewskiý).

### Ýigrimi ikinji hekaýat

1. **Rafyzy mezhebi** – sünni mezhebinden çykyp, şaýy mezhebini kabul eden musulman.
2. **Ýedi yklym** – gadymy döwürde ýer ýüzüniň ýurtlaryny ýedi bölege – yklyma bölüpdirler. 1. Hiduwan; 2. Arap we Hebeşistan; 3. Müsür we Şam; 4. Eýranşähr; 5. Saklab (slawýan), Rum; 6. Türk we Ýajuç; 7. Çyn we Maçyn.
3. **Alhamdulilla** – Hudaýa şükür.

### Ýigrimi üçünji hekaýat

1. **Abu-l-Aswar Şawur I** (1022/1049 – 1067) – Şatdat şalygynyň Genje emirliginiň emiri.
2. **Senjap** – tilkiden kiçiräk bolan ýyrtyjy haýwan.
3. **Sparetra** – Merwli sak patyşasy Amorganyň aýaly. Miladydan öň 539-njy ýylda Kir patyşa Amorgany ýesir alýar. Şonda Amorganyň hatyny Sparetra goşuna baş bolup, Kiriň üstüne hüjüm edýär. Gazaply söweşde Sparetra Kiri ýeňýär we adamsy sak şasy Amorgany halas edýär.

### Ýigrimi dördünji hekaýat

1. **Batman** – ýigrimi kilogram töweregindäki agyrlyk ölçegi.
2. Gurhan. Ikinji süräniň 223-nji aýaty.
3. **Batyn** – içki ruhy dünýä.
4. **Pettan** – göwni özüne çekiji, ýakymly.
5. **Sarsar** – elhenç sesli güýçli ýel; **nesim** – bahar pasly säher bilen öwüsýän janperwer şemal.
6. **Halyfyň ýedi don geýdirmegi** – bu halyfyň: «Sen ýedi yklymyň soltany bolduň» diýen ykraryýetini alamatlandyrýar.
7. Kundurynyň bu pelsepesi hakda Abu Sagyt Abdylkerim Samgany Merweziniň on iki jiltden ybarat bolan «Şejere kitabynda» maglumat berilýär.
8. **Aznawur** – 1. Begzada. 2. Ot ýaly, daýaw.
9. **Konstantin X Dukas** (1059 – 1067 ý.) – Wizantiýanyň kaýsary.
10. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

### Sözsoňy

1. **Komnenler** – Wizantiýa imperatorlygynyň nesilşalygy (1057 – 1204 ý.) Köne edebi çeşmelerde Wizantiýa sözüne derek Rumustan, Rum sözleri ulanylýar. Munuň özi ýalňyşdyr. Sebäbi 395-nji ýylda Rim (Rum) imperiýasy synyp, Günbatar we Gündogar böleklere bölünýär. Gündogar Rim (Rum) imperiýasy – bu Wizantiýa imperiýasydyr. Bu at imperiýanyň paýtagtynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Gündogar Rim imperiýasynyň paýtagty Wizantiýa şäheridir. Şäheriň ady soň üýtgedilip, Konstantinopol diýlip atlandyrylýar. Bu şäher häzirki Stambul şäheridir. Bu ýurtda hanedanlyk dildüwşükler, başga bir güýçli toparyň döremegi sebäpli uzak şalyk etmeýär, üýtgäp durýar.

Biziň söhbedini edýän döwrümizde Wizantiýada Makedonlylar nesilşalygy (867 – 1028 ý.) Konstantin VIII-iň wepaty bilen gutarýar. Sebäbi onuň ogul perzendi bolmaýar. Şondan soňky imperatorlar Roman III Argir (1028 – 1034 ý), Mihail IV Paflaton (1003 – 1041 ý.), Mihail V Kalafat (1041 – 1042 ý.), şeýle hem Konstantin IX – dördüsem Konstantin VIII-iň gyzy Zoýanyň ärleridir.

Şa gyzynyň durmuşa çykan ärleri uzak ýaşaman, dürli sebäplere görä wepat edýär. Syçew Nikolaý. Kniga dinastiý. (Istoriçeskaýa biblioteka). Wostok – Zapad». M. 2005.

2. **Ýewdokiýa** – Wizantiýanyň 1058-nji ýylyň noýabr aýynda tagta çykan imperatory Konstantin Dukas X-nyň hatyny. 1067-nji ýylda adamsy aradan çykansoň, tagta geçýär. Ýöne bu jogapkärli wezipäni başaryp bilmeýär. Ýurtda bulagaýlyklar artyp ugraýar. Şonuň üçin ol görnükli serkerdebaşy Roman Diogene (1068 – 1071 ý.) durmuşa çykyp, ýurdy dolandyrmagy oňa tabşyrýar. Ýurdy parahat saklamak Roman Diogene-de başartmaýar. 1071-nji ýylda Malazgirt söweşinde ol Çagry begiň ogly Alparslana ýesir düşýär.

3. Ibn Esir. Kämil taryh. TMMMM. 1-nji jilt. A., 2005.

## SENELER

**920 – 960-njy ýyllar** – seljuklylar yslamy kabul edýärler.

**991-nji ýyl**. Dawut Çagry beg dünýä indi.

**993-nji ýyl.** Muhammet Togrul beg dünýä indi.

**998-nji ýyl.** Soltan Mahmyt Gaznaly tagta geçýär.

**1011-nji milady – 403-nji hijri ýyly.** Seljuk beg 107 ýaşda aradan çykýar. Ibn Kesir Seljuk begiň wepat bolan ýylyny 401-nji hijri ýyly – (miladynyň 1010-njy ýyly) diýip görkezýär.

**1016 – 1021-nji ýyllar.** Çagry beg bäş müň adamly goşun bilen Rum serhetlerinde bolýar.

**1017 (407)-nji ýyl.** Soltan Mahmyt Gaznaly Köneürgenji basyp alýar we ülkäni özüne tabyn edýär, ülkä öz hajyby Altyndaşy hökümdar belleýär. Şeýle hem soltan Mahmyt Gaznaly şol ýörişinde uly şäherler Samarkandy we Buharany özüne birleşdirýär.

**1017-nji ýyl.** Altynjan dünýä inýär.

**1025-nji ýyl.** Soltan Mahmyt Mawerannahra – Samarkanda gelýär. Şonda seljuk ýabgusy Ysraýyl Arslan hany görme-görşe çagyrýar we ony tussag edýär, Hindistandaky Kelejar diýen gala ugradýar.

– Mahmyt Gaznaly Arslan ýabguny ogly Gutulmyş we ýüz elli ýigidi bilen bilelikde Hindistanyň Kelejar diýen galasynda agöýli saklaýar.

**1025 – 1028-nji ýyllar.** Seljuk begiň ogly Ýusup Ynanç (ynal) Seljuk jemagatyna ýabgulyk edýär.

**1028 – 1032-nji ýyllar.** Seljuk begiň ogly Musa Kelan Ýabgu Seljuk jemagatyna ýabgulyk edýär.

**1029-njy milady** – 420-nji hijri ýyly. Alparslan dünýä inýär.

**1032-nji ýyl.** Ysraýyl ýabgu aradan çykýar.

**1034-nji ýyl.** Jendiň emiri Şamälik Horezminde gije gapyllykda Togrul begiň sekiz müňe golaý esgerini öldürýär.

– Togrul beg Altynjana öýlenýär.

**1035-nji ýylyň aprel aýy** – soltan Masudyň Begdogdynyň salarlygyndaky goşuny Nusaýda seljuklylaryň üç müňlük atly goşunyndan masgara bolup ýeňilýär.

**1035-nji ýylyň iýun aýy.** Nusaýda seljuk-gaznaly söweşi bolýar. Onda seljuklylar uly ýeňiş gazanýarlar.

**1037-nji ýylyň 22-nji apreli** – Seljuklylar Merwi eýeleýärler.

**1038-nji ýyl.** Seljuklylar Sarahsyň ýakynynda gaznalylary ýeňýärler. Şol ýeňişden soň, öz hökümdarlygyny yglan edýärler. Bu ýyl seljuk döwletiniň düýbüniň tutulan ýyly hasap edilýär. Sarahs söweşinde «gylyç ýa kepen» däbine eýerilýär.

**1039-njy ýyl.** Alyabat söweşi.

– Sarahs söweşi.

**1040-njy ýylyň 23-nji maýy.** Seljuklylar Daňdanakan söweşinde soltan Masut Gaznalyny ýeňýärler. Seljuklylar 23–24-nji maýda gurultaý geçirip, seljuk döwletiniň dörändigini jar edýärler. Gurultaýda Togrul beg Horasanyň emiri diýlip yglan edilýär. Şondan köp wagt geçmänkä Togrul beg şa diýlip atlandyrylýar. Çagry bege gurultaýda mäliklik tituly berilýär.

Şalygyň paýtagty 1043-nji ýylda Nyşapurdan Reý şäherine, 1050-nji ýylda Reýden Yspyhan şäherine geçirilýär.

**1044-nji ýyl.** Alparslan Balhda Gaznaly soltan Mewdudy ýeňýär, bu ýeňiş seljuk serhediniň has giňemegine esas bolýar.

**1049-njy ýyl.** Ybraýym ynal Togrul bege garşy baş göterýär. Togrul beg ony ýeňýär, günäsini geçýär.

**1055-nji ýylyňl 17-nji ýanwary.** Togrul beg Büweýh döwletini syndyrýar, Bagdady eýeleýär.

**1057-nji ýyl.** Ybraýym ynal ikinji gezek Togrul bege garşy baş göterýär, Togrul begi Hemedanda ýesir alýar. Altynjan goşun jemläp, Hemedana barýar we Togrul soltany halas edýär. Bu söweşde Ybraýym ynal öldürilýär.

**1058-nji ýyl.** Apbasy halyfy Kaýym Bemryllah Togrul bege: «Gündogaryň we Günbataryň soltany» diýen beýik at berdi.

**1060-njy ýyl.** Çagry beg Sarahsda aradan çykýar, Merwde jaýlanýar. Altynjan Zenjanda aradan çykýar. Reýde jaýlanýar. Togrul beg aradan çykanda özüni hatyny Altynjanyň ýanynda jaýlamaklaryny wesýet edýär.

**1063-nji ýyl.** Muhammet Togrul beg aradan çykýar.

Seljuk şalygy 1038 – 1157-nji ýyllar aralygynda dowam edýär. «Beýik» diýen ada mynasyp bolýar.